**A. Kazygulyýew, H. Baýramow, T. Allanazarow, J. Annamuhammedow,**
**O.Geldimuhamedowa, O. Çaryýewa, M. Öwezowa**

# DÜNÝÄ
# YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2016

UOK 339.9:378
K 32

**Kazygulyýew A. we başg.**
K 32 **Dünýä ykdysadyýeti.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby.
– A.:Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

Okuw kitabynyň girişini, I–VI, XII–XVIII, XXI–XXV, XXXIII–XXXIV, XXXVI–XL baplary A. Kazygulyýew, VIII, XX, XXXVIII baplary O. Geldimuhamedowa, XVII, XXVII–XXXVIII baplary H. Baýramow, XI, XXIX, XXX, XXXI, XXXII baplary, XXVI, XXXVIII, VI–XXXVIII, VII baplary M. Öwezowa, XIX baby O. Çaryýewa, XXVI, XXXVIII, VI–XXXVIII, VII baplary J. Annamuhammedow, XXXV baby T. Allanazarow taýýarlady.

TDKP № 367, 2015 KBK 65.5 ýa 73

© Kazygulyýew A. we başg., 2016



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Okuw kitaby Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň «Ykdysady nazaryýet» we «Dünýä ykdysadyýeti» kafedralarynyň professor-mugallymlary tarapyndan taýýarlanyldy. Okuw kitaby taýýarlanylanda ýurdumyzda alnyp barylýan bilim syýasatyna, okuw kitaplaryna we gollanmalaryna bildirilýän ýokary talaba laýyk getirilmäge çalşyldy. Çünki hormatly Prezidentimiziň alyp barýan bilim syýasatynda, ýurdumyzyň talyplaryny häzirki zamanyň ösen talaplaryna laýyk gelýän hünärmenler bolup ýetişmeginde ýokary many-mazmunly kitaplara we gollanmalara örän ähmiýetli orun degişlidir. Şonuň üçin dünýä hojalygynyň nazaryýet esaslaryny, düşünjeleri giňişleýin, çuňňur, düýpli beýan edilmäge ýykgyn edildi. Şu nukdaýnazardan dünýä hojalygynyň esasy düşünjeleri okuw kitabynda dürli görnüşlerde ulanyldy.

Kitabyň esasy aýratynlyklarynyň biri «Dünýä ykdysadyýeti» kursuny has giňişleýin, doly we dogry açyp görkezmek, aýdylýan zatlaryň has düşnükli bolmagy üçin kitabyň alty sany bölüme bölünmegidir. Onuň birinji bölümi «Dünýä ykdysadyýetiniň nazaryýet esaslary» diýlip atlandyrylýar. Bu bölümde dünýä hojalygynyň emele gelşi, dürli nazaryýetler, milli we halkara statistikasy, dünýäniň häzirki ykdysady-sosial ösüş aýratynlyklaryna seredilip geçilýär. Ikinji bölüm «Dünýä ykdysadyýetiniň gurbaty» diýlip atlandyrylýar. Onda dünýä hojalygynyň umumy gurbatyny emele getirýän tebigy, adam, telekeçilik, maliýe, ylmy-tehniki resurslary barada giňişleýin düşünje berilýär. Üçünji bölüm «Dünýä ykdysadyýetiniň subýektleri we mehanizmi» diýlip atlandyrylýar. Bu bölümde milli ykdysadyýetler, integrasiýalar, halkara ykdysady guramalar, olaryň arasyndaky gatnaşyklaryň amala aşyrylyş mehanizmi barada söhbet edilýär. Dördünji bölüm «Dünýä ykdysadyýetiniň ösen ýurtlary», bäşinji bölüm «Dünýä ykdysadyýetiniň ösüp gelýän ýurtlary», altynjy bölüm «Ykdysadyýeti geçiş häsiýetli ýurtlar» diýlip atlandyrylýar. Bu bölümlerde dünýä ýurtlary üç bölege bölünip öwrenilýär. Olaryň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy beýan edilýär.

Okuw kitaby taýýarlanylanda dürli adalgalaryň, düşünjeleriň yzygiderliligini, olaryň mazmunyny saklamaga çalşyldy. Halkara we rus sözleriniň türkmen dilindäki aňladylyşyna ýa-da onuň manysyna giňişleýin düşünjeler berildi.

Okuw kitaby ykdysadyýet ugry boýunça taýýarlanýan, bu ugurda zähmet çekýän hünärmenler bilen bir hatarda giň okyjylar köpçüligi üçin hem niýetlenilendir.

# I BÖLÜM
# DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINIŇ NAZARYÝET ESASLARY

## I BAP
## DÜNÝÄ YKDYSADYÝETI DERSINIŇ PREDMETI WE WEZIPELERI

### 1.1. Dünýä ykdysadyýeti barada düşünje

Häzirki zaman dünýä ýurtlary bir-biri bilen berk baglanyşykly bolup, bu baglanyşyk barha ösmäge meýillidir. Ýurtlaryň arasyndaky baglanyşygyň güýçlenmegi, onuň sebäpleri dünýä ykdysadyýeti dersiniň öwrenýän predmetidir.

Dünýä ykdysadyýetine iki manyda kesgitleme bermek mümkin. Birinjisi giň manyda bolup, ol milli ykdysadyýetleriň jemi ýa-da ýurtlaryň jemi içerki önümleriniň möçberi hökmünde garalýar. Ikinjisi dar manyda bolup, milli ykdysadyýetleriň halkara söwdasyna gatnaşdyrylýan bölekleriniň jemi hökmünde garalýar. Başgaça aýdylanda, milli ykdysadyýetleriň özünde öndürilen harytlarynyň eksportynyň jemi hökmünde garamak bolar. Bu ýerde harytlaryň dünýä boýunça eksportynyň pul görnüşi däl-de, fiziki görnüşi göz öňünde tutulýar. Fiziki görnüşde alanyňda dünýä haryt eksporty dünýä haryt importyna deň bolýar. Pul görnüşinde hasaplanyňda ýol harajatlarynyň ätiýaçlandyryşyň, gümrük salgytlarynyň we ş.m. netijesinde dünýä importy dünýä eksportyndan ýokary bolup çykýar.

Dünýä ykdysadyýetine şeýle kesgitleme berilse dogry bolar. Dünýä ykdysadyýeti munuň özi milli ykdysadyýetleriň we olaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň jemidir. Ykdy-

sady gatnaşyklara diňe bir harytlaryň we hyzmatlaryň halkara söwdasy degişli bolman, eýsem kapital, telekeçilik başarnyklary, işçi güýjüniň migrasiýasy, bilimiň-ylmyň gazananlary hem degişlidir.

Häzirki wagtda dünýäde 230-dan gowrak döwletler we territoriýalar bar. Dünýä ilaty 2796 dilde gepleşýär, emma bary-ýogy 118 sany döwlet dili bar. Dünýäniň syýasy kartasynda ýurtlaryň meýdany serhet arkaly çäklendirilendir. Ýöne bu çäklendirme milli ykdysadyýetleriň arasyndaky gatnaşyklara täsir etmeýär. Mysal üçin, ýapon dilinde gepleýän, buddizm dini ynançly adam tarapyndan öndürilen haryt, arap dilinde gürleýän, musulman dini ynançly adam tarapyndan sarp edilýär. Diýmek, milli ykdysadyýetleriň arasyndan ykdysady gatnaşyklara milletleriň, dinleriň, dilleriň tapawudy täsir etmeýär. Bu gatnaşyklar ykdysady zerurlykdan gelip çykýar. Milli hojalyklaryň arasynda ykdysady gatnaşyklar bolmasa ýa-da ol gatnaşyklar örän gowşak bolsa, onda häzirki zaman bütewi dünýä hojalygy emele gelmezdi. Bir-biri bilen berk baglanyşykly dünýä hojalygy diňe milli ykdysadyýetleriň arasyndaky gatnaşyklaryň esasynda emele gelýär. Şonuň üçin dünýä ykdysadyýeti adalgasyna kesgitleme berlende birinji giň manydaky kesgitlemä däl-de, ikinji dar manydaky kesgitlemä dogry diýip düşünmeli.

«Dünýä ykdysadyýeti» adalgasy başgaça «dünýä hojalygy» ýa-da «bütindünýä hojalygy» ýaly sözlerde hem aňladylýar. Bu sözleriň hemmesi-de şol bir manyny aňladýan manydaş, sinonim sözlerdir. Käbir edebiýatda «halkara ykdysadyýet» adalgasy hem ulanylýar. Bu adalga dünýä ykdysadyýetini däl-de, «halkara ykdysady gatnaşyklar» diýmegi aňladýar.

Dünýä hojalyk ulgamy birnäçe düzüm böleklerden ybarat. Ol düzüm bölekler dünýä hojalygyna gatnaşyjylar ýa-da ylmy dilde dünýä hojalygynyň subýektleri diýilýär. Ol subýektler aşakdakylardan:

- milli ykdysadyýetlerden;
- transmilli korporasiýalardan (TMK);
- integrasiýalardan;
- halkara guramalardan ybaratdyr.

Dünýä ykdysadyýetiniň esasy düzüm bölegini milli ykdysadyýetler emele getirýär. Häzirki dünýä ykdysadyýeti bir ulgamly ýa-da tutuşlaýyn diýen ýaly bazar ykdysadyýetli hojalykdyr. Munuň özi dünýä hojalygynda öndürilýän we halkara söwdasyna gatnaşdyrylýan harytlaryň agramly böleginiň hususyýetçiler tarapyndan öndürilýändigini görkezýär.

Hususy kompaniýalar we firmalar daşary ykdysady gatnaşyklaryň irki döwründe käbir döwletler bilen gatnaşyklary alyp barýardylar. Wagtyň geçmegi bilen bu kompaniýalar öz alyp barýan işleriniň gerimini, işiniň görnüşini we möçberini ýokarlandyrmagyň hasabyna ägirt uly TMK-

-lara öwrüldiler. Häzirki wagtda bütindünýä hojalygy bu TMK-laryň söwda, senagat, maliýe hereketleriniň giňişligine öwrüldi. Olaryň köpüsiniň ýyllyk girdejileri kiçi döwletleriň jemi içerki önüminden-de ýokarydyr. TMK-laryň bähbidi öz milli ykdysadyýetiniň bähbidine hemişe gabat gelip durmasada, olar öz işlerini barha giňeldýärler. Jemläp aýtsak, TMK-lar häzirki wagtda dünýä hojalygynyň möhüm düzüm bölegine öwrüldi.

Dünýä ykdysadyýetiniň düzüm bölekleriniň biri hem ykdysady integrasiýalardyr. Ykdysady integrasiýalar goňşuçylykda we bir sebitde ýerleşen döwletleriň arasynda döredilýär. Onuň maksady milli ykdysadyýetleriň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň ösmegine päsgel berýän kynçylyklary aýyrmakdan ybaratdyr. Ykdysadyýetleriň integrasiýalara goşulmagyna iki nukdaýnazardan garap bolar. Birinjiden, ykdysadyýetleriň sebitleşmegi dünýä hojalygynyň emele gelmeginiň başlangyç etaby bolup çykyş edýär. Ikinjiden, dünýä hojalygynyň bütewüleşmegine oňaýsyz täsir edýär. Sebäbi, döwletler ilkinji nobatda integrasiýa girýän döwletler bilen ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge üns berýärler. Soňky onýyllykda integrasiýalara birleşmek meýli barha giň gerime eýe boldy.

Ikinji jahan urşundan soň halkara ykdysady guramalaryň sany artdy. Bu guramalar halkara söwdasyny sazlaşdyrmak arkaly dünýä hojalygynyň möhüm düzüm bölegine öwrüldi. Halkara söwdasynda ýüze çykýan dürli kynçylyklary bir döwlet özbaşdak çözüp bilmeýär. Bu guramalaryň esasy işi bolsa global meseleleriň çözgüdini tapmakdan ybaratdyr.

## 1.2. Dünýä hojalygynyň emele gelmeginiň we ösmeginiň döwürleri

Dünýä hojalygynyň emele geliş taryhy ilkinji döwletleriň ýüze çykmagy bilen başlanýar. Dünýä hojalygy ýüz ýyl gowrak mundan öň, has takygy XIX asyryň ahyry we XX asyryň başlarynda gutarnykly emele gelýär.

Dünýä hojalygynyň gutarnykly emele gelmegi döwletleriň arasynda harytlaryň we hyzmatlaryň söwdasyndan başlanýar. Harytlaryň ýurduň içine getirilmegine import, daşyna çykarylmagyna bolsa eksport diýilýär. Dünýä söwdasy ýurtlaryň daşary söwdasynyň jemi bolup, ol özüniň gözbaşyny gadym döwürlerden alyp gaýdýar. Mundan bäş müň ýyl ozal dünýäde ilkinji

döwlet hasaplanylýan gadymy müsürliler goňşuçylykda ýerleşýän taýpalar bilen söwda edipdirler. Olar çarwa taýpalara oba hojalyk önümlerini we müsürli senetkärleriň öndüren önümlerini satypdyrlar. Olardan metal, maldarçylyk önümlerini satyn alypdyrlar. Täze ýerleri özleşdirmek üçin ekspedisiýalary gurapdyrlar.

Halkara haryt söwdasyna hyzmatlar hem goşulyp başlapdyr. Gadymy finikiýalylar diňe bir öz harytlaryny däl-de, eýsem Ortaýer deňziniň kenarlarynda ýaşaýan taýpalaryň ýüklerini we ýolagçylaryny ondan-oňa gatnadypdyrlar. Şonuň üçin hem olar ilkinji halkara hyzmatlaryny amala aşyryjylar diýlip hasap edilýär.

Dünýä hojalygynyň emele gelmeginiň ilkinji merkezi Günorta-Günbatar Aziýa, ýagny Nil, Ýewfrat, Gang, Huanhe derýalarynyň boýlarynda ýerleşen ýurtlar hasaplanylýar. Çünki ilkinji ýaşaýyş, ilkinji döwletler, ekerançylyk, maldarçylyk we senetkärçilik ilkinji bolup şu sebitde ýüze çykypdyr diýilýär. Soňra bu sebite Günorta Aziýa, Günorta-Gündogar Aziýa, Gara we Ortaýer deňziniň sebitleri hem goşulyşýar.

Döwletleriň, taýpalaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar örän çäkli bolupdyr. Oturymly ilat bilen çarwa taýpalaryň goňşuçylykda ýerleşmegi oturymly ilatyň köplenç talanmagyna, basylyp alynmagyna getiren halatlary seýrek bolmandyr. Bu ýagdaýlar oturymly ilatyň tozdurylmagyna, ykdysadyýetiň pese gaçmagyna, medeniýetleriň pese düşmegine getiripdir.

Dünýä haryt we hyzmat söwdasy bazar gatnaşyklaryna geçilip başlanmagy bilen, has işjeňleşip başlaýar. Bu işjeň hereket ilkinji bolup Günbatar Ýewropada ýüze çykýar, soňra dünýäniň beýleki sebitlerine ýaýrap başlaýar. Bu döwürde halkara haryt we hyzmat söwdasynyň ösmegine birnäçe ýagdaýlar täsir edýär. Olaryň birinjisine XV–XVII asyrlarda beýik geografiki açyşlar degişli bolupdyr. Ikinjisine XIX asyrda maşyn senagatynyň, şol sanda bug bilen işleýän dwigatelleriň oýlanyp tapylmagy, üçünjisine bolsa häzirki zamanyň ösen ulag we aragatnaşyk tehnikasy degişlidir.

Çalt baýamak isleýän ýewropaly söwdagärler täze bazarlaryň, kapitalyň täze çeşmeleriniň gözlegine çykyp başlaýarlar. Altyna bolan isleg, täze ýerleri tapmak ýewropalylar üçin esasy maksat bolupdyr. Olar täze ýerleri gözlemek, täze söwda ýollaryny tapmak üçin guran ekspedisiýalary Günbatar Ýer togalagynda täze bir yklymyň tapylmagyna we özleşdirilmegine getiripdir. Kolumbyň, Wasko da Gamanyň, Magellanyň, Ýermagyň ekspedisiýalary şol wagtky dünýä bazaryna täze, örän uly sebitleri goşupdyr. Täze açylan ýerler bilen hojalyk gatnaşyklary çalt ösüp başlapdyr. Bu söwda, esasan, Ýewropa ýurtlaryndan taýyn harytlaryň, täze ýerleriň diňe çig mala ýöriteleşmeleri esasynda alnyp bar-

lypdyr. Şeýlelikde, söwda gatnaşyklarynyň barha ösmegi netijesinde XIX asyryň ahyrlarynda we XX asyryň başlarynda dünýä hojalygy gutarnykly emele gelipdir.

Harytlaryň we hyzmatlaryň söwdasy bilen bir hatarda ykdysady resurslaryň ýa-da önümçilik faktorlarynyň hereketi hem başlanýar. Ykdysady resurslaryň halkara hereketi dünýäniň dürli künjeklerine günbatar ylmynyň gazanan üstünlikleri bolan elektrik energiýasyny, içinden ýandyrylýan dwigateli we ş.m. beýleki oýlanyp tapylan mehaniki serişdeleri hem alyp gidýär. Soňlugy bilen önümçilik faktorlarynyň üstüne kapital, telekeçilik başarnyklary, bilimiň-ylmyň gazananlary çykarylyp başlanýar. Şeýle hem ösüp gelýän ýurtlardan arzan işçi güýjüni çekmek giň häsiýete eýe bolýar. Netijede, dünýä hojalygynyň bütewüleşmek prosesi barha çuňlaşýar. Dünýä ykdysadyýetiniň bütewüleşmek prosesi häzir hem dowam edýär we ol proses tükeniksizdir.

Häzirki zaman dünýä hojalygy mundan ýüz ýyldan gowrak wagtdakysyndan ýa-da dünýä hojalygynyň emele gelen wagtyndakydan nähili tapawutlanýarka? Bu tapawudy ozaly bilen ykdysady ösüşiň derejesi bilen kesgitläp bolar. Dünýä hojalygynyň ilki emele gelen ýyllary ykdysadyýetiň derejesi örän pes bolupdyr. Mysal üçin, ABŞ-nyň häzirki jemi içerki önümi agzalýan döwür bilen deňeşdireniňde 25 esse ýokarydyr. Şol wagtda öndürilýän önümleriň görnüşi häzirki wagtdakysyndan örän azdyr. Bu aýdylanlar bolsa öz gezeginde halkyň durmuşy-medeni ýagdaýynda öz beýanyny tapýar. Mysal üçin, Russiýada 1897-nji ýyl bilen 2004-nji ýyly deňeşdireniňde, örän uly tapawudyň bardygyny görüp bolýar. Deňeşdirilýän ýyllarda ilatyň 70,4%-i sowatsyz bolup, adam ömrüniň ortaça ýaşaýyş uzaklygy 32 ýyla deň bolupdyr. Häzirki wagtda bu görkeziji 65 ýaşa deňdir.

Deňeşdirilýän döwürde dünýä hojalygynda esasy orny oba hojalygy eýeleýärdi. Ýeňil we azyk senagaty kiçi kärhanalardan ybarat bolup, köne tehnologiýalara daýanýardy. Hyzmat sferasy, esasan, söwdada we öý hojalygynyň hysyrdyly işlerinde alnyp barylýardy. Birinji jahan urşundan öň Russiýada ilatyň 75%-i oba hojalygynda, senagat we gurluşykda 9%-i, hyzmat ulgamynda 16%-i zähmet çekýärdi. 2004-nji ýylda bu görkezijiler degişlilikde oba hojalygynda 10%-e, gurluşyk we senagatda 30%-e we hyzmat edişde 60%-e deňdir.

Şeýle hem milli ykdysadyýetleriň dünýä hojalygy bilen özara baglanyşyk derejesi pesdi. Mysal üçin, deňeşdirilýän döwürde ABŞ-nyň eksport kwotasy 6% bolsa, 2005-nji ýylda bu görkeziji 10%-e deň boldy.

Milli ykdysadyýetleriň açyklyk derejesi häzirki wagtda örän liberallaşdyrylandyr. Has takygy harytlaryň, hyzmatlaryň, kapitalyň we işçi güýjüniň halkara hereketi häzirki wagtda ýeňilleşdirilendir.

Dünýä hojalygy emele gelenden soň, onuň ösüşi birnäçe döwürlere bölünýär. Birinji döwür Birinji jahan urşundan 1950-nji ýyllara çenli aralygy öz içine alýar. Bu aralyk iki sany jahan urşuny, rewolýusiýany, raýatlyk urşuny öz içine alýar. Jahan uruşlary döwründe batan dünýä ykdysadyýeti 1950-nji ýylda 1913-nji ýyldaky ýagdaýyna ýetmegi başarýar.

Ikinji döwür 1950–1970-nji ýyllary öz içine alýar. Bu aralyk dünýä hojalygynyň pajarlap ösenligi bilen häsiýetlendirilýär. Bu döwrüň esasy alamaty bolup integrasiýalaryň döremegi, ykdysadyýetleriň halkaralaşmagy, telekeçilik başarnygynyň, telekeçilik kapitalynyň işjeňleşmegi çykyş edýär. Şeýle hem bu aralyk dünýä hojalygynyň iki ulgama bölünip, olaryň arasyndaky bäsdeşligiň ýitileşen döwrüne gabat gelýär.

Häzirki döwür 1980-nji ýyllardan şu güne çenli aralygy öz içine alýar. Bu aralyk sosializmiň ulgam hökmünde ýitip gitmegi, täze garaşsyz döwletleriň döremegi, senagat taýdan çalt ösýän ýurtlaryň ýüze çykmagy, hojalyk işiniň globallaşmagy, ozalky ösen döwletleriň postindustrial jemgyýete geçmegi bilen häsiýetlendirilýär.

## 1.3. Dünýä önümçiliginiň ir döwürdäki aziýa, ýewropa we antiki usullary

Dünýä ykdysadyýetinde önümçiligi, hojalygy guramagyň birnäçe görnüşleri bar. Olaryň ilkinjisi önümçiligi guramagyň aziýa usulydyr. Önümçiligi guramagyň aziýa usulynyň ilkinji ýüze çykmagyny ilkinji ýaşaýşyň hut şu sebitde ýüze çykmagy bilen baglanyşdyrmak bolar.

Aziýa usulynyň esasy aýratynlyklarynyň biri hem ýurduň ähli resurslarynyň merkezleşdirilen häkimiýetiň, ýagny ýurt baştutanynyň, hökümdaryň (han, patyşa, beg, soltan) elinde jemlenmegidir. Hökümdar ähli ýerleri, suwaryş desgalary döwlet eýeçiliginde jemläpdir. Döwlet dini binalary gurmagy, sebitleriň ykdysadyýetiniň ösdürilmegini, daşary gatnaşyklary öz üstüne alypdyr. Önümçiligiň esasy aýratynlyklarynyň biri ekerançylygy suwarymly esasda alyp barmak we suwaryş desgalaryny gurmak bilen baglanyşykly bolupdyr. Çylşyrymly desgalary gurmagy döwlet öz üstüne alypdyr. Ýurduň ýer bitewüligini goramak döwletiň borjy bolupdyr. Onuň üçin ýörite we hakyna tutma goşunlar saklanypdyr.

Gadymy döwletlerde, şol sanda Hytaýda patyşa, buthana, wezipe, şahsy hojalyklar hereket edipdir. Wezipe we şahsy hojalyklar nesilden-nesle miras geçirilipdir. Wezipe hojalyklary sebiti dolandyrmaga gatnaşýan emeldarlara tölenilýän hak görnüşinde çykyş edipdir. Ýerleri peýdalanmak ömürlik ulanmak ýörelgesine esaslanypdyr.

Gadymy Hindistanda ýerler umumy obşina bolup peýdalanylypdyr. Obşinada her bir daýhan işlän ýerine laýyklykda umumy hasyldan ýetdik paýyny alypdyr. Obşinanyň içinde daýhanlar bilen senetkärleriň umumy birleşigi emele gelipdir. Senetkärler diňe senetçilik, daýhanlar bolsa ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar. Senetçiler umumy önümiň bellibir bölegini alyp, onuň ýerine obşinany senetçilik önümi bilen doly üpjün edipdirler. Munuň özi obşinanyň özara baglanyşygynyň güýçlenmegine, daşary gatnaşyklara baglylygyň aradan aýrylmagyna getiripdir. Önümçiligi guramagyň şeýle aýratynlyklary pul-haryt gatnaşyklarynyň ösüşini bökdäpdir.

Önümçiligiň antiki usuly aziýa usulyndan eýeçiligiň görnüşi boýunça tapawutlanypdyr. Antiki döwürde eýeçilik iki – hususy we obşina görnüşinde bolupdyr. Gul zähmeti giňden peýdalanylypdyr. Senetçilik oba hojalygyna bagly bolmandyr.

Onümçiligiň aziýa usuly, Aziýa ykdysady ulgamynyň ösuş taryhynda gaty ýokary sepgitlere ýetmegi başarypdyr. Bu döwürde ägirt uly döwletler, iri suwaryş desgalary, täze ideýalar, täze tehnologiýalar döredilipdir. Dünýäniň ýedi gudratynyň hemmesiniň-de Aziýa ýurtlarynda ýerleşmegi hem munuň şeýledigine şaýatlyk edýär.

Ikinji müňýyllygyň başynda Gündogar ýurtlary Günbatar Ýewropa ýurtlaryndan ösüş derejesi boýunça 1,5–2 esse ýokary bolupdyr. XI asyrda JIÖ-iň adam başyna düşüşi Hytaýda 600–700 dollara, Hindistanda 550–650 dollara, Müsürde 470–530 dollara barabar bolupdyr (1980-nji ýylyň bahalary boýunça deňeşdireniňde). Bu döwürde Hytaýyň ilatynyň 20%-i, musulman ýurtlarynyň 15–20%-i şäherlerde ýaşapdyr. Deňeşdirilýän döwürde Günbatar Ýewropada bu görkeziji 11–13%-e deňdir. Şeýle ýokary görkezijiler önümçilikde hem ýüze çykýar. Mysal üçin, Hytaýda XI asyrda eredilen demir Angliýanyň 1640-njy ýylda ereden demrinden 2,5–5 esse köp ýa-da tutuş Ýewropanyň XVIII asyrda ereden demrine deň bolupdyr. Sowatlylygyň derejesi gündogar ýurtlarynda günbatara garanyňda 8–20 esse ýokary bolupdyr.

Ýewropada ilkinji ösüşler Günbatar Ýewropada ýüze çykýar. Çarwa taýpalardan uzakda ýerleşmegi olar üçin amatly harby-syýasy şertler döretdi. Senetkärçiligiň özbaşdak bolup bölünip aýrylmagy tehnikanyň ösmegine täsir edipdir. Flandriýada mata dokaýan stanogyň ýasalmagy netijesinde zähmet öndürijiligini 3–5 esse ýokar-

landyrmak başardypdyr. Haryt-pul gatnaşyklary, ýöriteleşme ýüze çykyp başlaýar.

XI asyrdan XIV asyra çenli ekologiýa, sosial, syýasy, harby çökgünlikler, epidemiýalar ilatyň ýarysyna golaýyynyň ýok bolmagyna getiripdir. Gozgalaňlaryň netijesinde daýhanlar azatlyk alypdyr. XIII asyrdan başlap Flandriýa, Wenesiýa, Genuýa, Florensiýa Ýewropanyň senagat merkezleri bolupdyr. XV asyryň ahyrlarynda Britaniýada maşyn tehnikasynyň esasynda manufakturadan fabrik usulyna geçilmegi bilen senagat öwrülişigi bolup geçýär. Bazar gatnaşyklary doly ornaşýar. Beýik basybalyşlaryň netijesinde bu gatnaşyklar tutuş dünýä hojalygyna ýaýraýar. Şeýlelikde, önümçiligiň ýewropa usuly berkarar edilýär.

## 1.4. Dünýä bazarynyň emele gelmeginiň we ösmeginiň nazaryýet esaslary

Dünýä hojalygynyň emele gelmegi dünýä bazarynyň kemala gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Dünýä hojalygy dünýä bazary bilen tapawutlydyr. Dünýä hojalygy milli ykdysadyýetleriň jemini öz içine alýar. Dünýä bazary milli hojalyklaryň eksport bölegini öz içine alýar. Milli, sebitleýin, dünýä bazary diýlen düşünjeleri tapawutlandyrmaly. Milli bazar ýurduň içerki sarp edip bilijilik ukybydyr. Sebitleýin bazar diýlip bir sebitiň ýa-da bir integrasiýanyň bazaryna düşünilýär. Dünýä bazary tutuş dünýä hojalygynyň bazarydyr ýa-da dünýä ilatynyň sarp edip bilijilik ukybydyr.

Dünýä bazary nähili emele gelipdir? Onuň emele gelmegi halkara söwdasy bilen baglanyşyklydyr. Dünýä bazarynyň emele gelmeginiň nazaryýet esasyny şeýle düşündirmek bolar.

Halkara söwdasy özüniň gözbaşyny gadym döwürlerden alyp gaýdýar. Halkara alyş-çalyş gul eýeçilik we feodalizm gurluşynda-da alnyp barylýardy. Ýöne halkara söwdasyna öndürilen önümleriň az bölegi gatnaşdyrylypdyr. Bu önümlere gymmat bahaly matalar, sütükler, gymmat bahaly minerallar we geň-enaýy zatlar degişlidir. Kapitalistik jemgyýetçilik-ykdysady gurluşyna çenli hojalyk natural häsiýetli bolupdyr. Önümler bellibir hojalyklarda, uly bolmadyk ýerlerde öndürilipdir we sarp edilipdir.

Feodalizmiň dargamagy bilen kapitalistik gatnaşyklar ösüp başlaýar. Natural hojalykdan haryt-pul gatnaşyklaryna geçilip başlanmagy halkara söwdasynyň ösmegine uly itergi berdi. Kapitalizmiň ýola goýulmagy, milli

hojalyklaryň döremegi, milli döwletleriň döredilmegi, milli bazarlaryň emele gelmegi bilen baglanyşyklydyr.

Milli döwletleriň döredilmegi bazar gatnaşyklaryny ösdürmegiň birinji döwri bolup, ol içerki milli hojalygyň öndüriji güýçleriniň arasyndaky gatnaşyklaryň çalt ösmegine alyp barypdyr. Mundan beýläkki ösüş ýoly milli hojalyklaryň öndüriji güýçleriniň arasyndaky gatnaşyklaryň ösmegi bilen baglanyşyklydyr.

Bazar ykdysadyýetiniň ösmegi milletleriň iki sany taryhy meýlini oýarýar:

*birinjiden,* milli döwletleriň döredilmegine, milletler arasyndaky gapma-garşylyklara garşy göreş, milli durmuşyň we milli hereketiň oýanmagyna;

*ikinjiden,* milletleriň biri-birine goşulyşmagynyň, kapitalyň halkara hereketiniň, ykdysadyýetiň, ylmyň, syýasatyň we ş.m. ösmegine getirýär.

Öndüriji güýçleriň ösmegi iri senagat pudaklarynyň emele gelmeginde-de wajyp ähmiýete eýedir. Iri senagat pudaklarynyň döremegi bolsa öz gezeginde bazar gatnaşyklary şertlerinde döwletleriň arasyndaky hojalyk gatnaşyklarynyň hil taýdan ösmegine getirdi. Netijede, bu ýagdaý halkara ykdysady gatnaşyklarda düýpli öwrülişigiň emele gelmegine alyp bardy.

Öndüriji güýçleriň ösüşindäki sepgit önümçiligiň göwrüminiň ulalmagyna, harytlaryň, ulag şertleriniň gowulaşmagyna we netijede döwletara haryt alyş-çalşygynyň ösmegine, şunuň bilen birlikde iri maşyn gurluşygynyň aýry-aýry döwletleriň halkara söwdasyna bagly bolmagyna getirdi. Sebäbi, bellibir ýerlerde öndürilýän önüm milli bazaryň isleginden has ýokarydyr. Şeýlelikde, öndürilen önümleri satmak üçin daşarky bazarlaryň zerurlygy ýüze çykýar.

Öndürilýän önümleriň möçberini artdyrmak önümçiligiň senagatlaşdyrylmagy bilen baglanyşyklydyr.

Senagatlaşmak öndürilýän önümleriň goýberilişini artdyrmak, täze pudaklaryň we täze önümçilikleriň döremegi bilen baglanyşyklydyr. Bu proses öz gezeginde ýangyjyň dürli görnüşlerine, çig mala we materiallara bolan islegi ýokarlandyrýar. Hemme döwletlerde tebigy baýlyklaryň görnüşi, ýerleşişi gyradeň däldir. Şonuň üçin tebigy baýlygy az bolan ýurtlar, ony beýleki döwletlerden satyn almaga mejbur bolýarlar.

Tehniki ösüş häzirki zaman şertlerde çig mallaryň tygşytly, köptaraplaýyn peýdalanylmagyna, täze sintetiki materiallaryň döredilmegine, galyndysyz tehnologiýa geçilmegine getirdi. Netijede, çig mallary import edýän döwletleriň daşarky çeşmelere garaşlylygy peseldi. Mysal üçin, geçen asyryň 70-nji ýyllarynda dünýä hojalygynda ýüze çykan ýangyç çökgünligi zerarly täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy netijesinde ösen döwletlerde ýangyjyň sarp edilişi 35% pese gaçdy.

Ilatyň köpelmegi, täze zawod-fabrikleriň gurulmagy bilen, öňi-soňy çig maly import edýän döwletleriň islegi barha artýar. Käbir döwletler öz çig mal isleginiň agramly bölegini importyň hasabyna kanagatlandyrýar.

Dünýäde, aýratynam Günbatar Ýewropada iri senagatyň çalt ösmegi iri senagat şäherleriniň döremegine getirdi. Şäher ilatynyň ösmegi oba hojalygynda zähmet çekýänleriň senagata çekilmegi bilen baglanyşyklydyr. Bu ýurtlarda oba hojalygy ilaty azyk bilen üpjün edip bilmese-de, adamlaryň şähere göçmegi has çaltlaşdy. Munuň sebäbini şäheriň sosial-medeni ýagdaýynyň obanyňkydan has ýokary bolmagy bilen düşündirip bolar.

Döwletleriň senagatlaşmagy oba hojalygyna-da öz täsirini ýetirdi. Oba hojalygynyň mehanizmleşdirilmegi oba hojalyk önüminiň öndürilişine öz täsirini ýetirdi. Emma oba hojalygynyň ösüşi senagatyň ösüşi bilen deňeşdireniňde pesdir. Sonuň üçin Günbatar ýurtlary özüni azyk önümleri bilen doly ekläp bilmeýär. Şeýle-de, yssy klimatda ýetişýän önümlere bolan isleg has ýokarlanýar. Ol önümlere kakao, çaý, kofe, subtropik önümler degişlidir.

Ösen döwletleriň oba hojalygynyň tehniki taýdan öwrülişigi Ikinji jahan urşundan soň başlandy. Öwrülişigiň netijesinde oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmak, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak başartdy. Günbatar Ýewropa ýurtlarynda öz-özüňi üpjün etmek syýasaty ýöredilip başlandy. Häzirki wagtda hem ösen ýurtlar azyk önümleriniň ep-esli bölegini import edýärler.

Maşyn gurluşyk senagaty munuň özi köpçülikleýin önüm öndürmekdir. Bu önümçiligi guramak üçin zähmet şertleriniň gowulanmagy we zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy wajypdyr. Şeýle hem önümçiligiň ýöriteleşmesiniň çuňlaşmagy zerurdyr. Köpçülikleýin önüm öndürilişiň ýöriteleşmesiniň ösmegi täze bir meseläni ýüze çykardy. Ol mesele hem öndürilen önümleri milli bazaryň göterip bilijiligidir. Meselem, käbir maşynlar we enjamlar bellibir döwletde az möçberde sarp edilýär. Emma käbir iri senagatly döwletlerde belli-belli enjamlary öndürmek amatlydyr. Mysal üçin, Türkmenistanyň şertlerinde kosmiki enjamlary ýa-da kömür şahtalarynda ulanylýan enjamlary öndürmegiň ýa-da satyn almagyň hiç-hili ähmiýeti ýok. Emma Russiýanyň şertlerinde bu enjamlary öndürmek peýdalydyr. Ýöne bellibir önümçilige ýöriteleşmedik, emma şol önümçiligiň hereket edýän ýurtlary önümçilik üçin zerur bolan enjamlary satyn alýar. Mysal üçin, Türkmenistan kagyz önümçiligine ýöriteleşen diýip aýdyp bolmaz, emma hereket edýän kagyz kombinaty üçin dürli önümçilik enjamlaryny bu ugra ýöriteleşen ýurtlardan satyn alýar. Netijede, ýöriteleşen önümçilik diňe bir içerki bazar üçin däl-de, daşarky bazar üçin hem zerurdyr.

2. Sargyt № 1094.

Dünýä bazary hemişe bir durkunda durmaýar. Ol halkara bäsleşiginiň netijesinde üýtgäp durýar. Häzirki zaman dünýä bazarynyň aýratynlyklary dünýä bazarynyň gutarnykly emele gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Halkara zähmet bölünişigi esasynda önümçiligiň ýöriteleşmesiniň çuňlaşmagy bolup geçýär. Netijede, döwletleriň arasynda haryt alyş-çalşygy barha ösüp, milli bazarlaryň biri-biri bilen berk baglanyşygy emele gelýär.

Milli bazar bilen dünýä bazary biri-birinden tapawutlydyr. Milli bazardaky harytlaryň hereketi ykdysady faktorlar bilen şertlendirilendir. Ýagny kärhana bilen kärhananyň arasyndaky, welaýat bilen welaýatyň arasyndaky gatnaşyk we ş.m. Milli bazardaky harytlaryň hereketine hiç hili çäklendirme ýokdur. Emma milli bazarlaryň arasyndaky haryt alyş-çalşygyna, milli bazarda öndürilen harytlaryň hemmesi gatnaşman, diňe bellibir bölegi gatnaşýar.

Ýene-de bir tapawutly aýratynlygy bolup, dünýä bazarynda dünýä bahalarynyň hereket etmegidir.

Dünýä hojalygy bazar ykdysadyýeti şertlerinde kapitalistik ýurtlaryň arasyndaky däp bolan ýiti bäsleşik göreşi esasynda ösýär. Aýry-aýry döwletleriň daşary söwdasynyň düzümi, ýaýrawy, bäsleşige ukyply harytlar esasynda dünýä bazaryndaky orny üýtgeýär. Bu üýtgeme bellibir döwletleriň peýdasyna bolsa, beýleki bir döwletler zyýana galýar. Ýagny bäsleşige ukyply harytlary öndürýän döwletiň dünýä bazaryndaky orny barha giňeýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde dünýä bazary goşmaça gymmatyň we peýdanyň normasyny ýokarlandyrmagyň serişdesi bolup çykyş edýär. Bu ýagdaý ösüp gelýän döwletleriň dürli potensialyny peýdalanyp, deň güýçli bolmadyk alyş-çalşygyň esasynda bolup geçýär.

Monopolistik kapitalizm eýýamynda dünýä bazarynda iri halkara monopoliýalary agalyk edýärdi. Olar dünýä bazaryny özara paýlaşyp, bellibir harytlara diňe öz bahalaryny goýýardylar. Bu monopoliýalar häzir hem hereket edýär. Indi olar öz daşky keşplerini birneme üýtgedip, halkara konsernler ýa-da trestler görnüşinde çykyş edýärler. Bu monopoliýalara ABŞ-nyň, Angliýanyň we beýleki ösen ýurtlaryň trans milli kompaniýalary (TMK) degişlidir.

Dünýä bazarynyň monopoliýalaşan derejesini milli bazarlaryň monopoliýalaşan derejesi bilen deňeşdireniňde pesdir. Sebäbi dünýä bazaryna öz döwletlerinden uly goldaw alýan köp sanly TMK gatnaşýar. Munuň özi ýiti bäsleşigiň döremegine we teklibiň ösmegine getirýär.

# 1.5. Halkara zähmet bölünişigi dünýä ykdysadyýetiniň maddy esasydyr

Milli hojalyklaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar halkara zähmet bölünişiginiň netijesidir. Halkara zähmet bölünişigi (HZB) – munuň özi ýurtlaryň dünýä bazarynda aýry-aýry harytlary we hyzmatlary öndürmäge ýöriteleşmegidir. Ýöriteleşmegiň netijesinde milli hojalyklaryň arasynda harytlaryň, hyzmatlaryň, kapitalyň, adam aňynyň, ynsanperwer-medeni ulgamda gatnaşyklar alnyp barylýar.

HZB dünýä ykdysadyýetiniň maddy esasy diýlip hasap edilýär. Harytlaryň halkara alyş-çalşygy ýöriteleşmegiň esasynda ýüze çykýar. Ýöriteleşme ilkinji önümçilikde ýüze çykdy. Häzirki wagtda hem dünýä söwdasynyň düzüminiň agramly bölegini taýyn harytlar tutýar. Döwletleriň, halklaryň arasyndaky ilkinji ykdysady gatnaşyklar harytlaryň halkara söwdasynyň üsti bilen ýüze çykdy. Bütewi dünýä hojalygy ykdysady gatnaşyklar arkaly emele geldi. Diýmek, dünýä hojalygy ykdysady gatnaşyklar arkaly emele gelen bolsa, halkara alyş-çalşygy ilkinji bolup harytlaryň üsti bilen amala aşyrylan bolsa, ýöriteleşme ilkinji bolup önümçilikde ýüze çykan bolsa, dünýä söwdasynyň agramly bölegini taýyn harytlar tutýan bolsa, onda HZB-ne dünýä ykdysadyýetiniň maddy esasy diýmegimize mümkinçilik berýär.

Islendik milli ykdysadyýet HZB-ne gatnaşýar. Onuň netijesinde ýurtlar özünde has uly artykmaçlyga eýe bolan harytlary eksport etmäge we özünde öndürilende gymmat düşýän harytlary import etmäge mümkinçilik alýarlar. Başgaça aýdylanda, milli ykdysadyýetiň eksport edilýän bölegi HZB-niň netijesi bolup çykyş edýär.

Zähmet bölünişigi ilkinji bolup ýurduň içinde ýüze çykýar. Onuň netijesinde belli-belli pudaklar ýa-da önümçilikler deňeşdirilende, beýleki milli önümçiliklerden artykmaçlyga eýe bolýar. Bu artykmaçlygy peýdalanmak milli ykdysadyýetiň ösüşinde uly ähmiýete eýedir. Sebäbi eksport edilýän harytlar ilki bilen milli ykdysadyýetde öndürilýär ýa-da ol jemi içerki önümiň bir bölegidir. Ýurduň eksport paýy barha artýan bolsa, onda jemi içerki önümiň hem yzygiderli ösüşini üpjün edýär.

HZB asyrlaryň dowamynda ýüze çykýar. Onuň emele gelmegine iki faktor täsir edýär. Olara tebigy we häzirki zaman faktorlary diýilýär.

HZB-niň ilkibaşda emele gelmegine tebigy faktorlar täsir edýär. Aşakda getirilen shemada HZB-niň tebigy faktorlary barada düşünje berilýär.

*1-nji shema*

**HZB-niň tebigy faktorlary**

| Halkara zähmet bölünişiginiň tebigy faktorlary | | | | |
|---|---|---|---|---|
| ↓ | ↓ | ↓ | ↓ | ↓ |
| Tebigy-geografiki aýratynlyklar | Tebigy-klimatik şertler | Tebigy resurslar | Territoriýanyň ululygy | Ykdysady geografiki ýerleşişi |

Bu faktorlaryň her biriniň HZB-ne edýän täsirini aşakda getirilen mysallar arkaly düşündireliň.

**Tebigy-geografiki aýratynlyklar** bu şert ýurtlaryň geografiki ýerleşişi bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, deňizýaka döwletlerinde gämi gurluşygy ösendir. Emma ol açyk deňze göni çykalgasy bolmadyk ýurtlarda bu pudak ösüşe eýe däldir. Açyk deňze çykalgasy bolmadyk döwlet deňizýaka döwletinde halkara ykdysady gatnaşyklary amala aşyrmak üçin hökman deňzi kesip geçmeli. Munuň üçin, elbetde, suw ulag serişdesi zerur. Emma açyk deňze çykalgasy bolmadyk ýurt beýleki döwletler bilen gury ýer arkaly serhetleşýär. Şeýle döwletde halkara ykdysady gatnaşyklarda suw ulagyny ösdürmegiň ähmiýeti ýokdur.

**Tebigy-klimat şertler** gös-göni howa şertleri bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, Türkmenistanda ösdürilýän inçe süýümli gowaçany demirgazyk ýurtlarda ýetişdirip bolmaýar.

Tebigy baýlyklar – gazylyp alynýan baýlyklar bilen baglanyşykly. Haýsy ýurtda gazylyp alynýan baýlygyň ýeterlik möçberi bar bolsa, şol ýurtda hem şol baýlygy gaýtadan işlemek ösendir. Mysal üçin, Türkmenistanda nebit-gaz senagaty, Germaniýada metallurgiýa, maşyn gurluşyk senagaty ösendir.

**Territoriýanyň ululygy** – bu faktor hem tebigy baýlyklar bilen baglanyşykly bolup, ýurduň territoriýasy näçe uly bolsa, tebigy baýlyklar hem şonça köp bolýar. Mysal üçin, Russiýa, Kanada, ABŞ-nyň territoriýalaryndaky tebigy baýlyklarynyň möçberi islendik döwletiňkiden ýokarydyr.

**Ykdysady-geografiki ýerleşiş** bu faktor ýurduň goňşuçylykda ýerleşýän döwletleri bilen baglanyşyklydyr. Goňşuçylykda ýerleşmek faktory ykdysadyýetleriň ösüşinde möhüm ähmiýete eýedir. Ýurt ösen döwletlere näçe golaý ýerleşdigiçe ykdysady ösüş hem şonça ýokarydyr we tersine, ösen döwletlerden näçe arasy daş bolsa, ykdysady özgerişler şonça hem gowşakdyr. Eger-de goňşy ýerleşýän döwlet ykdysady taýdan has ösen bol-

sa onuň täsiri goňşuçylykda ýerleşýän döwletlere ýetýär. Mysal hökmünde, Ýaponiýany we oňa goňşy bolan beýleki Aziýa ýurtlaryny görkezmek bolar. Goňşy döwletiň ykdysady taýdan gowşak ösen bolsa, onuň täsiri beýleki ýurtlara hem ýetýär. Bu ýagdaý aýratynam özara uruşlar, alaman--çapawulçylyk ýaly ýagdaýlar bilen geçmişde has hem ýiti ýüze çykypdyr. Meselem, çarwa halk bolan mongol basybalyşlaryndan soň Aziýanyň köp ýurtlary ösüşde yza tesdi.

Ýokarda aýdylanlar HZB-niň tebigy şertleridir. Emma häzirki zaman ylmy-tehniki progresiň (YTP) çalt depginler bilen ösýän şertlerinde HZB-ni tebigy şertlere bolan baglylygyny barha azaldýar. Muňa mysal hökmünde Ýaponiýany, Italiýany, Demirgazyk Ýewropa ýurtlaryny görkezmek bolar. Bu döwletlerde ýerli senagat üçin zerur bolan çig mallaryň agramly bölegini import edýärler. Ýöne bu ýagdaý olaryň ykdysadyýetiniň ýokary derejede ösmegine päsgel bermeýär. Bu ýagdaýyň sebäbi YTP-iň gazananlarynyň jemgyýetçilik durmuşyna giňden ornaşdyrylmagy bilen baglanyşyklydyr.

Häzirki wagtda ýurtlaryň arasyndaky zähmet bölünişiginiň herektlendiriji güýji bolup YTP, maşynlaryň, enjamlaryň, priborlaryň täze-täze görnüşleri, ylmyň ösmegi çykyş edýär.

Ýurtlaryň öndüriji güýçleriniň zähmet bölünişigine gatnaşyş derejesi olarda ylmyň we tehnikanyň iň soňky gazananlarynyň durmuşa ornaşdyrylyşy bilen baglanyşyklydyr. Ylmy-tehniki progres önümçilige näçe çuňňur ornaşdyrylsa, HZB-ne gatnaşyş derejesi has güýçli bolýar we tersine, YTP-iň önümçilige ornaşdyrylyşy gowşak bolsa, HZB-ne gatnaşygy hem gowşak bolýar. HZB-ne täsir edýän häzirki zaman faktorlar aşakdakylardyr.

Bu faktorlaryň hemmesi biri-biri bilen baglanyşyklydyr. Tehniki progres – maddy önümçiligiň esasy bolup durýan tehniki täzelikleri öz içine alýar.

Ilatyň sany bu faktor eýýäm adamlaryň pikiri, iş ukyplary we endikleri bilen baglanyşyklydyr. Dünýäde näçe adam bar bolsa, şonça-da pikirleniş, garaýyş bar. Ilatyň sanynyň köp bolmagy şol ýurtda bellibir ugra ýöriteleşmäge şert döredýär. My-

*2-nji shema*

| Halkara zähmet bölünişiginiň häzirki zaman faktorlary | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| ↓ | ↓ | ↓ | ↓ | ↓ | ↓ |
| Tehniki progres | Ilatyň sany we sosial--ykdysady şertler | Önümçiligiň taryhy ösüş aýratynlyklary | YTP-iň ýeten derejesi | Milli önümçiligi guramagyň aýratynlyklary | Daşary ykdysady gatnaşyklary guramagyň aýratynlyklary |

sal üçin, Hytaýa baran her bir jahankeşdäniň birinji arzuwy «Beýik Hytaý diwaryny», Müsürde bolsa «Piramidalary» görmekdir. Emma Hytaý diwary gurlanda her ýyl ýüz müňlerçe adam aradan çykypdyr. Eger-de ilatyň sany şeýle köp bolmasa, onda şonça adamyny pida berip bolmajakdygy düşnüklidir. Emma pidalaryň netijesinde bu ýurtlarda syýahatçylyk pudagy häzirki wagtda örän ösendir.

Ilatyň sanynyň köp bolmagy ylmyň kyn ugurlaryny ele almaga mümkinçilik berýär. Mysal üçin, Günbatar Ýewropanyň ýurtlarynda ylym-bilim ulgamy ösen hem bolsa, çylşyrymly bolan atom we kosmos senagatlary ýok. Emma dünýäniň iň garyp ýurtlarynyň biri bolan Hindistanda bu pudak üstünlikli ösdürilýär.

**Sosial ykdysady şertler** – ýurduň ilatynyň ýaşaýyş derejesi bilen utgaşyp gidýär. Ilatynyň durmuş-medeni ýagdaýy ýokary bolan ýurtlarda ylmyň ösüş depgini sosial ýagdaýy pes ýurtlara garanyňda has ýokarydyr.

**Önümçiligiň taryhy ösüş aýratynlyklaryny** şeýle düşündirmek bolar. Ýagny, bir önümçilik haýsy ýurtda has ir ýüze çykan bolsa, şol önümçilik boýunça häzir hem öňdeligi eýeleýändir. Munuň sebäbini şol ugurdan gazanylan tejribäniň artykmaçlyk edýändigi bilen düşündirmek bolar. Mysal üçin, awtomobilleri we uçarlary ilkinji bolup öndürmek ABŞ-da ýola goýlandyr. Häzirki wagtda ABŞ bu pudagyň önümleri boýunça dünýä lideridir. Ýa-da Angliýa dünýä-de ilkinji bolup, kömri şahta usulynda çykaryp başlan we ilkinji bolup pagtany senagat usulynda gaýtadan işläp başlan ýurtdur. Häzirki wagtda-da kömür gazyp alyjy stanoklar, dokma senagatynda ulanylýan stanoklar boýunça dünýä lideridir.

**YTP-iň ýeten derejesi** hem aýgytlaýjy täsir edýän faktorlaryň biridir. Bu faktoryň täsiri belli-belli pudaklar boýunça has hem ýiti çykýar. Mysal üçin, SSSR-iň dargamagy bilen çykan düýpli maliýe çökgünliginde Russiýada harby-senagat toplumy pese gaçaýmaly ýalydy. Emma onlarça ýyllaryň dowamynda gazanylan üstünlikler häzir hem bu ýurda dünýäde iň ýokary hilli ýaraglary öndürmäge mümkinçilik berýär.

**Milli önümçiligi guramagyň aýratynlyklary** halkyň milli däp-dessurlaryndan, mentalitetiniň aýratynlyklaryndan gelip çykýar. Ýewropanyň önümçiligi guramak aýratynlygy her bir adamyň şahsy pikirine onuň rasionalizatorçylyk tekliplerine hormat goýulýar we onuň iş dolandyryşyna erkinlik berilýär. Emma Aziýanyň iş guramaçylyk aýratynlyklary buýrujylyk häsiýetli bolup, diňe ýolbaşçylarynyň görkezmesine eýerilýär.

Döwletleriň ykdysady kanunlaryna laýyklykda ykdysady gatnaşyklary açyk syýasat esasynda alyp barmaklary ýa-da daşary gatnaşyklarda erkin söwdadan üzňeleşmeleri degişlidir.

HZB-ne gatnaşýan hojalyklary ykdysadyýetiň umumylyklary boýunça

bäş topara bölýärler. Oňa başgaça ýöriteleşmäniň ugurlary diýilýär. Ýöriteleşmäniň ugurlary aşakdakylardyr:

1. Gaýtadan işleýän senagata ýöriteleşme;
2. Gazyp alyjy senagata ýöriteleşme;
3. Oba hojalyk önümlerine ýöriteleşme;
4. Hyzmatlara ýöriteleşme;
5. Hemmesine ýöriteleşme.

Hyzmatlara ýöriteleşme häzirki wagtda çalt depgin bilen ösýän ugurlaryň biridir. Köp ýurtlaryň ykdysadyýetinde hyzmatlar, aýratynam halkara hyzmatlar, uly orun tutýar. Emma hyzmatlar dünýä ykdysadyýetiniň maddy esasyny düzmeýär. Sebäbi bu sfera, mälim bolşy ýaly, maddy önüm öndürmeýär.

Dünýä ykdysadyýetinde hemmesine bilelikde ýöriteleşen ýurtlar az sanlydyr. Olara ABŞ, Kanada, Russiýa ýaly döwletler degişlidir. Gaýtadan işleýän senagata ýöriteleşen ýurtlar bolup ösen döwletler çykyş edýär. Gazyp alyjy we oba hojalyk önümlerine ýöriteleşen döwletler bolup ösüp gelýän ýurtlar çykyş edýär. Milli hojalygyň halkara ýöriteleşmesi onuň ykdysadyýetiniň ösüş derejesini açyp görkezýär.

Milli ykdysadyýetiň halkara ýöriteleşmesiniň ugruny kesgitlemek üçin ýurduň eksportynyň düzümine seretmeli. Eksportyň düzüminde haýsy haryt artykmaçlyk etse, şol haryda ýöriteleşen diýip hasap edilýär. Mysal üçin, ýurdumyzyň eksportynyň agramly bölegini tebigy gaz tutýar. Diýmek, ýurdumyz halkara zähmet bölünişiginde gazyp alyjy senagata ýöriteleşipdir.

## 1.6. Dersi öwrenmegiň wezipeleri

Dünýä hojalygy hemişe ösýän, üýtgeýän çylşyrymly hojalyk ulgamydyr. Onuň üýtgeýşini öňünden kesgitlemek, çaklamak milli ykdysadyýetiň geljekki ösüşi üçin zerurdyr.

Dünýä ykdysadyýeti ösüş taryhynda birnäçe döwürleri başdan geçirdi. Haryt hojalygy ýüze çykanyndan soň dört ýüz ýyla golaý wagtlap ýeke-täk ulgamly hojalyk bolup hereket etdi. XX asyryň birinji ýarymyndan soň dünýä hojalygy biri-birine gapma-garşylykly iki ulgama bölündi. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda sosializmiň ulgam hökmünde ýykylmagy bilen, dünýä hojalygy ýene-de bir ulgamly hojalyga öwrüldi. Az sanly döwletler entegem özboluşly sosializm gurmagy dowam edýärler. Ol döwletlere Kuba, Laos, Wýetnam ýaly döwlet-

ler degişlidir. Ýöne bu döwletleriň dünýäniň jemi önümindäki paýy ujypsyzdyr. Şeýle-de, bu döwletler hem makroderejede bazar ykdysadyýetine ýykgyn edip başladylar. Ozalky soýuz respublikalaryň we sosialistik lagere giren ýurtlaryň ykdysadyýeti geçiş häsiýetlidir. Olaryň käbiri bazar ykdysadyýetine tapgyrlaýyn geçse, beýlekileri bazar hojalygyna geçmegiň «şokoterapiýa» usulyny saýlap aldylar. Umuman, bu döwletleriň hemmesiniň maksady milli ykdysadyýetini bazar hojalygyna geçirmekden ybaratdyr. Şeýlelikde, dünýä ykdysadyýeti bir ulgamly hojalyga öwrüldi diýip hasap edip bolar.

Dünýä döwletleriniň ykdysady ösüşi birmeňzeş däldir. Geçen asyryň 60–70-nji ýyllarynda çalt senagatlaşýan ýurtlar ýüze çykdy. Bu döwletleriň dünýäniň jemi önüminde we dünýä söwdasyndaky paýy yzygiderli artýar. Ozalky ösen döwletler bolan ABŞ, Angliýa, Fransiýa, Germaniýa we Ýaponiýa ösüşiň ýokary sepgitlerine ýetip, postindustrial ykdysadyýetli döwletlere öwrüldiler.

Dünýä söwdasynyň düzümi hemişe üýtgeýär. Indi döwletler çig maly däl-de, taýyn harytlary dünýä bazarlaryna çykarmaga meýil edýärler.

Bazar hojalygy ösüş ýolunda hemişe dürli çökgünliklere sezewar bolýar. Bütewi dünýä hojalygynyň emele gelmegi bilen bir ykdysadyýetde ýüze çykan çökgünlik, beýleki bir ykdysadyýete täsirini ýetirýär. Dünýä hojalygy 2008−2012-nji ýyllarda özüniň taryhynda ýüze çykan iň agyr maliýe-ykdysady çökgünligi başdan geçirdi. Dürli çökgünlikleriň ýüze çykmagynyň sebäplerini, onuň gaýdyp döremezligini, milli ykdysadyýete edýän täsirini azaltmagyň ýollaryny gözlemek dünýä ykdysadyýeti dersiniň esasy wezipeleriniň biridir.

Islenlik dersiň öwrenýän predmeti bolýar. «Dünýä ykdysadyýeti» dersiniň öwrenýän predmeti hem dünýä ykdysadyýetidir. Bu ders milli ykdysadyýetiň öňünde duran meseleler bilen bir hatarda tutuş dünýä hojalygyny öz içine alýan global meseleleri öwrenýär. Bu global meseleler bolsa köp sanly bolup, ol ähli milli ykdysadyýetlere, tutuş adamzada täsirini ýetirýär. Dünýä meselelerini çözmek üçin oňa dünýä derejesinde, tutuş dünýä döwletlerinin, ähli adamzadyň tagallalaryny birleşdirmek zerurdyr.

Dünýä hojalygy birnäçe dersler bilen baglanyşyklydyr. Olara ykdysady geografiýa, statistika, halkara ykdysady gatnaşyklar we başga-da ş.m. birnäçe dersler degişlidir.

Milli ykdysadyýetimiz dünýä hojalygynyň düzüm bölegidir. Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň jemi önümindäki paýyny çaltlyk bilen artdyrýan, dünýä hojalygyna çalt integrirlenýän ýurtlaryň biridir. Biziň öňümizdäki häzirki duran mesele, hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, «globallaşma şertlerde milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyna amatly

ýagdaýda goşulmagyny üpjün etmekden ybaratdyr». Bu işi amala aşyrmak ilkinji nobatda ykdysadyýetçileriň paýyna düşýär. Ýöne bu işden beýleki ugurlar boýunça taýýarlanýan talyplar we dürli pudaklarda zähmet çekýän hünärmenlerem çetde durmaly däl. Biziň her birimiz dünýä hojalygynda bolup geçýän täzeliklerden habarly bolup, öz işimizi dünýäniň talaplaryna laýyk alyp barmagy başarmalydyrys. Şonuň üçin «Dünýä ykdysadyýeti» dersi ýurdumyzyň ähli ýokary we ýörite okuw mekdeplerinde özbaşdak ders hökmünde öwrenilýär.

# II BAP
# DÜNÝÄ HOJALYGYNYŇ NAZARYÝETLERI

## 2.1. Ýurtlaryň arasynda ykdysady gatnaşyklaryň ösmeginiň sebäpleri

Häzirki wagtda dünýä hojalygyny tutuşlaýyn öz içine alýan nazaryýet ýok. Ýöne dünýä hojalygynyň bellibir ugurlarynda has giň ýaýran nazaryýetler hereket edýär. Has giň gerime eýe bolan nazaryýetlere daşary söwdanyň nazaryýeti, kapitalyň halkara hereketi, siwilizasiýalaryň çaknyşygy ýaly nazaryýetler degişlidir.

Halkara ykdysady gatnaşyklaryň döremeginiň esasy sebäbi bolup, ykdysady resurslaryň her ýurtda ösmeginiň dürli-dürlüligi çykyş edýär. Halkara ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi bir tarapdan, halkara zähmet bölünişi, beýleki tarapdan, önümçiligiň halkara hereketiniň faktory esasynda bolup geçýär. Häzirki hereket edýän nazaryýetler şu iki faktordan gözbaş alýar.

Halkara nazaryýetleriň gözbaş alýan ilkinji faktory halkara zähmet bölünişigidir. Halkara zähmet bölünişigi – ýurtlaryň aýry-aýry harytlary we hyzmatlary öndürmäge ýöriteleşmegidir. Hojalyk birlikleri anyk bir önüme ýöriteleşmegiň netijesinde ony taýýarlamak üçin ýokary zähmet öndürijiligine eýe bolýarlar. Şol bir wagtyň özünde islegini kanagatlandyrmak üçin beýleki bir önüme çalyşýar. Zähmet bölünişigi ilkibaşda ýurduň öz içinde döreýär. Soňra goňşy ýurtlary, sebitleri we tutuş dünýä hojalygyny öz içine alýar.

Senagat öwrülişigine çenli (XVIII asyryň ahyrlary XIX asyryň birinji ýarymy) HZB tebigy baýlyklaryň, ýagny mes toprakly ýerlere, ýerasty

baýlyklara, tokaý we suw resurslarynyň dürlüligine, olaryň ýurtlaryň arasynda paýlanylyşyna esaslanýardy. Ýöriteleşmäniň güýçlenip başlamagy bilen, ýurtlaryň arasyndaky paýlanyşygyň önümçilik faktory has işjeňleşip başlady.

Önümçilik faktoryna kapital, zähmet, telekeçilik ukyplary, bilim we ylym degişlidir. Häzirki wagtda hem ýurduň dünýä bazarynda haýsy harytlary we hyzmatlary öndürmäge ýöriteleşmegi köp zatlary kesgitleýär. Eger-de ýurduň eksportynyň esasy düzümini taýyn harytlar tutýan bolsa, onda ýurduň senagatlaşandygyny, çig mallar tutýan bolsa, çig mal öndürmäge ýöriteleşendigini görkezýär. Ýöriteleşme wagtyň geçmegi bilen üýtgäp biler. Öň çig mal öndürmäge ýöriteleşen ýurt, soňlugy bilen taýyn harytlary öndürmäge ýöriteleşýär. Çig maly öndürmäge ýöriteleşmäniň içinde hem üýtgeşme bolup biler. Mysal üçin, Russiýa ýüz ýyl mundan öň gallany, agaç materiallaryny eksport edýän bolsa, häzirki günde eksportyň agramly bölegini uglewodorod serişdeleri tutýar.

Häzirki zaman dünýäsinde HZB-ne gatnaşýan ýurtlaryň tebigy baýlyklara baglylygy barha azalýar. Onuň ýerine kapitalyň halkara hereketi netijesinde zähmet paýlanyşygy, hususan-da ýokary hünär taýýarlykly hünärmenleriň, telekeçilik ukyplarynyň, bilimiň we ylmyň gazanlary barha giň gerime eýe bolýar. Käbir döwletler önümçiligiň halkara hereketi faktoryna ýöriteleşmegi netijesinde ýokary ykdysady ösüşe eýe boldular.

Önümçiligiň halkara hereketiniň faktory munuň özi kapitalyň, işçi güýjüniň, telekeçilik başarnyklaryň, bilimiň halkara hereketidir. Ýurtlar ýeke bir harytlary we hyzmatlary eksport ýa-da import etmek bilen çäklenmän, önümçiligiň ýetmezçilik edýän faktoryny hem alyş-çalyş edýärler. Mysal üçin, kapital ýetmezçilik edýän ýurtlar ösen döwletlerden kapitaly çekmäge jan edýärler, işçi güýji artykmaç toplanan ýurtlar işçi güýji ýetmezçiilk edýän ýurtlara gönükdirilýär. Ösen tehnologiýa eýe bolan ýurtlar, «nou-hau» ygtyýarnamalary şeýle tehnologiýalary bolmadyk ýurtlara satýarlar. Bu faktor dürli ýurtlaryň islegine we teklibine bagly bolman, bu hereketiň ösüşini bökdeýän päsgelçilikleriň aradan aýrylmagyna baglydyr. Önümçiligiň halkara hereketi faktory halkara söwdasynyň ösmegine alyp barýar. Hut şu esasda hem önümçiligiň halkara hereketiniň faktor nazaryýeti emele gelýär.

## 2.2. Halkara zähmet bölünişigine esaslanýan daşary söwdanyň nazaryýetleri

**Halkara söwdanyň merkantelistik nazaryýeti.** Daşary söwdanyň ilkinji nazaryýetine merkantelizm diýilýär. Ol «merkantýe» diýen fransuz sözünden gelip çykýar we «täjir» «söwdagär» diýen manyny aňladýar. Bu nazaryýet XVI–XVIII asyrlarda emele gelýär. Bu nazaryýetiň öňe süren ideýasy ýurduň baýlygynyň diňe altyn, kümüş pullara esaslanýanlygydyr. Merkantelistler ýurtda altyn we kümüş pullar näçe köp jemlense, şol ýurt şonça baý, gülläp ösen diýip hasaplapdyrlar. Onuň üçin döwletiň daşary söwdasyny doly ele almagy zerur bolupdyr. Olar importy çäklendirmegiň (çig mallar degişli däl) we ýerli önümçiligi ösdürmegiň netijesinde taýyn harytlaryň eksportyny höweslendirmek bilen, ýurda altynyň gelmegini üpjün etmegi öňe sürüpdirler.

Bu nazaryýetiň esasy ýetmezçiligi şundan ybarat, ýagny merkantelistler özünde öndürilen has gymmat harytlar import edilende wagtyň, zähmetiň has az harçlandyrýandygyny kesgitlemändirler. Ýöne olaryň öňe süren ideýalary ýerde hem galmady. Olar proteksionizmi işjeň ulanmagyň netijesinde ýerli öndürijini goldamagyň we eksporty höweslendirmegiň ugurlaryny işläp düzdüler. Bu nazaryýetiň käbir ugurlary häzir hem hereket edýär.

**Absolýut artykmaçlyklar nazaryýeti.** Halkara söwdasynyň absolýut artykmaçlar nazaryýeti merkantelistik nazaryýet bilen deňeşdireniňde düýpgöter täze mana eýedir. Bu nazaryýeti esaslandyryjy iňlis klassyk ykdysatçysy Adam Smitdir. Ol özüniň «Tebigatyň we halkyň baýlyklarynyň sebäpleriniň gözlegleri» (1776 ý.) atly meşhur işinde bu barada söz açýar.

Başgaça aýdylanda, bu nazaryýet özüňde öndürilende gymmat düşýän harydy import we özüňde öndürilende arzan düşýän harydy eksport etmegi ündeýär. Merkantelistik nazaryýete gapma-garşylykda bu nazaryýet içerki we daşarky bazarda erkin bäsleşigiň, ykdysadyýeti dolandyrmaga döwletiň goşulmazlygynyň tarapdary bolýar.

Bu nazaryýetiň esasy tapawutly tarapy özünde ýokary artykmaçlyk bolan ýurtlara uly ähmiýet berilýär. Pes tarapy bolsa özünde hiç hili artykmaçlygy bolmadyk ýurtlara orun berilmeýär.

**Deňeşdirme artykmaçlyklar nazaryýeti.** Bu nazaryýet hem absolýut artykmaçlyklar nazaryýetiniň özboluşly dowamydyr. Tapawutly ýeri has uly artykmaçlyga eýe bolan harytlar barada däl-de, deňeşdirilende artykmaçlyga eýe bolan harytlary özara alyş-çalyş etmek baradaky nazaryýet öňe sürülýär. Bu nazaryýetiň awtory Dawid Rikardodyr.

**Önümçilik faktorynyň gatnaşyk nazaryýeti.** Önümçilik faktorynyň gat-

naşyk nazaryýeti şwed ykdysatçylary Eli Hekşer bilen Bertil Olin tarapyndan işlenilendir. Bu nazaryýet «Sebitara we halkara söwda» atly işde öz beýanyny tapýar. Bu nazaryýetde zähmete we kapitala aýratyn üns berilýär. Bu faktorlaryň bir ýurtda has köp bolmagy onuň arzanlamagyna getirýär. Bu iki faktoryň bahasynyň arzanlamagy netijesinde öndürilýän haryt ýurduň içinde beýleki bir ýurda satylandakysyndan has arzan bolýar.

Bahalaryň pes bolmagy harydyň daşary ýurt bazarlarynda üstünlikli hereket etmegine mümkinçilik berýär. Nazaryýetiň öňe sürýän pikiri artykmaç faktorlaryň netijesinde arzan düşýän harydy eksport etmegi we içerki önümçilikde gymmat bahaly harydy import etmekligi ündeýär.

**Leontýewiň paradoksy nazaryýeti.** Hekşer-Oliniň ýokardaky nazaryýeti käbir halatlarda dürli soraglara jogap berip bilmeýär. Rus asylly, amerikan ykdysatçysy Wasiliý Leontýew ABŞ-nyň 1947-nji, 1951-nji we 1967-nji ýyllardaky söwdasyny seljerip, şeýle netije çykarýar. ABŞ-da arzan kapital we gymmat işçi güýji bilen halkara söwda gatnaşýar, ýöne Hekşer-Oliniň nazaryýetine esaslanmaýar. ABŞ kapital siňňitli harytlary eksport däl-de, import edýär. Leontýew öz nazaryýetinde bu ýagdaýy şeýle düşündirýär. ABŞ-da, esasan, ýokary hünär taýýarlykly işgärlere köp maýa goýulýar. Amerikan maýasy bolsa ýurda mineral çig mallary import etmek üçin daşary ýurtlaryň gazyp alyjy senagatyna gönükdirilýär (kapital ýene-de ABŞ-dan çykýar). Umuman, Leontýewiň nazaryýeti gös-göni Hekşer-Oliniň nazaryýetini ulanýar, emma onuň hemme ýurtda hereket etmeýändigini ýüze çykarýar. Ýa-da, Russiýada tebigy baýlyklaryň köplügi, kuwwatly önümçilikleriň, örän uly oba hojalyk mümkinçiligi, arzan işçi güýjüniň bolmagyna garamazdan, maşyn gurluşyk, oba hojalyk önümlerini import edýär. Bu ýerde esasy nygtalýan pikir nazaryýetiň netijeli peýdalanylyşyna bagly bolup durýar.

**Anyk artykmaçlyklar nazaryýeti.** Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, önümçilik faktory nazaryýeti ýurtda netijeli peýdalanylyşyna bagly bolup durýar. Amerikan ykdysatçysy Maýkl Porter «Halkara bäsleşik» atly kitabynda, on döwletiň ýüz pudagy boýunça seljerme geçirip, şeýle netije çykarýar.

Kompaniýalaryň halkara bäsleşik artykmaçlygy alnyp barylýan işleriň öz döwletlerindäki makrosreda baglydygyny belleýär. Makrosreda bolsa alty sany şertden ybaratdyr. Olara içerki bazaryň ösüşi, baş we garyşyk pudaklaryň ösüş derejesi, menejmentiň derejesi, bäsdeşlik ýagdaýy, ykdysady, syýasy şertler degişlidir. Bu şertler, aýratyn-da başky dört şert ýurduň hojalyk birlikleriniň dünýä bazaryndaky anyk artykmaçlygyny kesgitleýär.

**«Golland keseli» ýa-da Rybçinskiniň nazaryýeti.** Polýak asylly, iňlis

ykdysatçysy T. Rybçinskiý 1955-nji ýylda täze bir nazaryýeti öňe sürdi. Oňa laýyklykda ýurtda haýsydyr bir faktoryň täsiri astynda bir pudagyň harytlary has köp öndürilip başlansa, onuň köp öndürilmegine ýenede isleg bildirilse we bu pudak netijeli peýdalanylmasa, beýleki pudaklaryň ösüşini bökdeýär diýip netije çykarýar. Artykmaçlyga eýe bolan pudak öz gezeginde beýleki pudaklara hem öz täsirini ýetirmelidigi bellenilýär. Has anygy dünýä bazaryna ýokary bäsleşige eýe bolan pudagyň eksportyndan gelen serişdeleriň bir bölegi yzagalak pudaklary ösdürmek üçin peýdalanylmalydyr.

1960-njy ýyllarda Gollandiýada bu nazaryýetiň netijesi ýüze çykdy. Demirgazyk deňzinden iri nebit gazly ýataklaryň açylmagy bilen bu pudagyň önümleri Günbatar Ýewropa köp möçberde eksport edilip başlandy. Eksportdan gelen serişdeler esasan, halkyň sosial-medeni ýagdaýyny ösdürmäge gönükdirildi. Çig malyň bahasynyň birden pese gaçmagy bilen öňki gelýän serişdeler azaldy. Ünsden düşürilen gaýtadan işleýän senagat, aýratyn-da dünýä belli golland enjam öndüriji senagaty uly kynçylyga uçrady. Şeýle «kesel» bilen kesellän ýurtlar häzir hem az däldir.

## 2.3. Önümçilik faktoryna, hereketine esaslanýan halkara zähmet bölünişiginiň nazaryýetleri

Döwletler ýeke bir harytlary we hyzmatlary alyş-çalyş etmän, önumçilik faktory bolan kapitaly, zähmeti we telekeçilik ukyplaryny hem alyş-çalyş edýärler. Bu ugurda ilkinji nazaryýet Hekşer-Oline degişli. Onuň öňe süren pikirine görä zähmet we kapital haryda we hyzmata garanyňda has çalt hereket etmäge ukyplydyr. Kapital we zähmet halkara söwdasynyň üstüni doldurýar, kähalatda bolsa onuň ýerini tutýar. Ýagny kapitalyň daşary ýurda eksport edilmegi bilen ozal haryt eksport edilýän ýurtda, şol harydyň önümçiligi ýola goýulýar. Şeýle ýagdaýa ähli önümçilik faktory gatnaşýar.

Amerikan ykdysatçysy Pol Samuelson Hekşeriň nazaryýetinden şeýle netije çykarylýar. Ýagny, önümçilik faktorynyň hereketi netijesinde dürli ýurtda öndürilýän harytlaryň bahalary deňleşýär. Bahalaryň deňleşmegi önümçilik faktorynyň bir ýurtdan beýleki ýurda geçmeginiň esasynda bolup geçýär.

Pol Samuelsonyň gelen netijesi Hekşeriň nazaryýetiniň üstüni ýetirýär. Şonuň üçin bu nazaryýet Pol Samuelsonyň adyna berilýär.

**Kapitalyň halkara hereketiniň adaty nazaryýeti.** Kapitalyň getirilmegine we çykarylmagyna köp nazaryýetler adaty nazaryýet hökmünde baha berýärler. Kapitalyň halkara hereketi neoklassyky, neokeýnsian we marksistik nazaryýetlere bölünýär.

Kapitalyň halkara hereketiniň neoklassyk nazaryýetini esaslandyran iňlis ykdysatçysy Jon Stýuart Miltdir. Ol özüniň «syýasy ykdysadyýetiň esaslary» atly kitabynda kapitalyň bir ýurtdan beýleki ýurda geçmeginiň gözbaşynda peýdanyň normasynyň ýokarlanmagyndan ybaratdyr diýip belleýär. Ýurtda kapital artykmaçlyk edýän bolsa, peýdanyň normasy pese gaçýar, diýip beýleki bir iňlis ykdysatçysy Rikardo subut edýär. Miltiň bellemegine görä, kapital ýeke bir peýda getirmän, maýa goýujynyň keseki ýurtdaky töwekgelçilikleriniň hem üstüni ýapmalydyr. Şonuň üçin hem onuň pikiriçe Russiýa we Türkiýe ýaly siwilizasiýanyň ýaňy başlan ýurdunda kapital aşa ýokary peýda getirmese, ol ýurtlara kapital çykarylmaýar diýip belleýär.

Kapitalyň halkara hereketiniň nazaryýeti Hekşer we Oliniň önümçilik faktorynyň gatnaşmagy nazaryýetinde has ösdürilýär. Oliniň bellemegine görä, kapital harytlar we hyzmatlar ýaly, gümrük päsgelçiliklerine duçar bolmaýar. Kapitalyň bir ýurtdan beýleki ýurda geçmegi haryda we hyzmata garanyňda has erkindir. Kapital çykaryjy ýurt syýasy garaýşy meňzeş bolan ýurda önümçiligi çig malyň ýakynynda guramagy maksat edinýär. Netijede, dürli gümrük päsgelçiliginden sowulýar.

Kapitalyň halkara hereketiniň neokeýnsian nazaryýeti maýa goýumlar ýurduň töleg balansyny ýokarlandyrýar diýip hasap edýärler.

Marksistik nazaryýetiň tarapdarlary kapital haçan-da bir ýurtda artykmaç toplananda ol beýleki ýurtlara eksport edilip başlanýar diýip hasap edýärler. Bu nazaryýetleriň içinde köp ulanylýany soňky nazaryýetdir. Hakykatdan hem kapitalyň halkara hereketiniň ilkinji sebäbi onuň ýurtda artykmaç toplanmagy çykyş edýär.

**Kapitalyň gaçmagy nazaryýeti.** Bu nazaryýet entek doly işlenilmedik, kämilleşmedik nazaryýetdir. Kapitalyň öz ýurdundan gaçmagynyň, esasan, iki sany sebäbi bardyr. Birinjiden, maýadaryň öz ýurdunda bähbidiniň pes ýa-da bolmazlygy. Bu sebäp ýurtda döredilen maýa goýum klimaty, eksportyň uglewodlara daýanmagy, pudaklaryň ýurt boýunça monopoliýasy, döwlet emeldarlarynyň hususyýetçilige täsiri degişlidir. Ikinji sebäbi maýanyň gelip çykyşynyň gümürtikligidir.

**Işçi güýjüniň halkara migrasiýasynyň nazaryýeti.** Işçi güýjüniň migrasiýasynyň nazary esaslaryny işlemek soňky wagtlarda ýüze çykdy. Işçi güýjüniň migrasiýasynyň esasy sebäbi ykdysadyýet bilen baglanyşyklydyr. Ilkinji nobatda işsizlik we aýlyk hakynyň deň bolmazlygy migrasiýanyň esasy sebäbidir. Işçi güýjüniň artykmaçlyk

edýän ýurdunda onuň eksport edilmegi bähbitlidir. Daşary ýurda giden işçiler öz hünär derejesini ýokarlandyrýar, öz ýurduna daşary ýurt walýutasynyň gelip durmagyny üpjün edýär. Işçi güýjüniň halkara migrasiýasynyň içinde howplusy ýokary hünär taýýarlykly işgärleriň ýurtdan gitmegidir.

## 2.4. Dünýä hojalygynyň sosial-medeni nazaryýetleri

Dünýä ykdysadyýetinde sosial-medeni nazaryýetler hem hereket edýär. Amerikan ykdysatçysy, sosiolog we taryhçysy Uolt Roston 1960-njy ýylda «ykdysady ösüşiň stadiýalary» atly nazaryýetini öňe sürdi. Bu nazaryýet sosial-medeni nazaryýetleriň ilkinjileriniň biri diýlip hasaplanylýar. Bu nazaryýet «Ykdysady ösüşiň döwürleri. Kommunistik däl manifest» atly kitapda öz beýanyny tapýar. Bu nazaryýete laýyklykda ykdysady ösüş bäş döwre bölünýär: 1) adaty jemgyýet; 2) ösüş üçin predposylkalary taýýarlamak döwri; 3) ösüş; 4) kämillige tarap hereket; 5) köpçülikleýin sarp etmek döwri. Ösüş döwürlerine baha bermek tehniki-ykdysady şertler bilen häsiýetlendirilýär. Ol şertlere tehnikanyň ösüş derejesi, ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümi, milli girdejiniň paýlanylyşy, sarp edişiň düzümi we ş.m. degişlidir.

Bu nazaryýetiň awtorynyň pikirine görä, adaty jemgyýetde ýagny, feodalçylyk gurluşyň ahyryna çenli zähmete ukyply ilatyň 75%-i diňe azyk önümlerini taýýarlamak boýunça zähmet çekýär. Milli girdeji, esasan, önümçilik däl maksatly işlere sarp edilýär. Syýasy häkimiýet iri ýer eýelerine ýa-da merkezi hökümetiň elinde jemlenýär. Bu döwür ikinji ösüşe geçmek döwri hasaplanylýar. Bu aralykda üç sany senagat däl pudaklarda düýpli üýtgeşmeler bolup geçýär. Ol pudaklara oba hojalygy, ulag we daşary söwda degişlidir. Üçünji döwür beýleki döwürler bilen deňeşdireniňde az wagty öz içine alýar. Ol iki-üç onýyllykdan ybarat bolup, bu döwürde ykdysadyýet çalt depgin bilen senagatlaşýar. Bu döwürde täze tehnikalary ornaşdyrmagyň hasabyna adam başyna düşýän senagat önüminiň paýy ýokarlanýar. Önümçilige goýberilýän düýpli maýa goýumlaryň paýy yzygiderli artýar. Ykdysadyýetiň senagatlaşmagy ilki has girdejili pudaklarda bolup geçýär. Soňra beýleki pudaklary öz içine alýar. Ykdysadyýetiň öz-özünden höweslendiriji ösüşini üpjün etmek üçin birnäçe şertleriň bolmagy hökmandyr. Olaryň *birinji-*

*si*, ykdysadyýete goýulýan maýanyň düzüminde ýurduň milli girdejisiniň paýynyň ýokary bolmagydyr. Munuň üçin jemi süýşürintgiler normasynyň ýokarlandyrylmagy gerekdir. *Ikinjiden*, bir ýa-da birnäçe pudaklaryň okgunly ösüşini gazanmasy. *Üçünjiden*, ykdysadyýeti modernizasiýalaşdyrmak isleýänleriň adaty jemgyýetiň tarapdarlaryndan üstün çykmagy gerekdir. Şu şertleriň ýerine ýetmegi sosial-ykdysady ulgamyň ilkibaşky ösüşini üpjün edýär.

Kämillige hereket edilýän döwri, awtoryň belleýşine görä, uzak wagty öz içine alýar. Başgaça aýdylanda, industrial jemgyýete geçmegi aňladýar. Bu döwürde şäherleşme güýçli derejede ösýär, ýokary hünär taýyarlykly işgärlere isleg köpelýär, senagat ýokary taýýarlykly dolandyryjylaryň, menejerleriň eline geçýär. Bäşinji döwürde bolsa islegiň ösmegi bilen häsiýetlendirilýär. Bu döwürde ilatyň harytlara we hyzmatlara bolan islegi artýar. 1971-nji ýylda «Syýasat we ösüş döwürler» atly işinde awtor altynjy döwri hem girizýär. Awtor ol işini «ýokary hilli durmuşyň gözlegi» diýip atlandyrýar. Bu döwürde adamyň ruhy taýdan ösüşi yzarlanylýar.

Döwürleriň dowamlylygy dürli-dürlüdir. Birinji iň uzak döwür bolup, ol entek käbir ýurtlarda hereket edýär. Ikinji döwür bir asyra golaý dowam etdi. Ol Günbatar Ýewropada XVII asyrda başlap, XVIII asyrda tamamlandy. Üçünji döwür käbir ýurtlarda çalt tamamlansa, beýleki ýurtlarda uzak wagtlap dowam edýär. Dördünji döwür Angliýada 1850-nji ýylda, ABŞ-da 1990-njy ýylda, Fransiýadyr Germaniýada 1910-njy ýylda, Ýaponiýada 1940-njy ýylda, Russiýada, Kanadada, Hindistanda, Hytaýda 1950-nji ýyllarda ýüze çykdy. Awtoryň bellemegine görä, bäşinji döwre häzirki wagtda diňe ABŞ degişlidir.

Bu nazaryýet ykdysady ösüşiň hereketine akyl ýetirmäge, aýratynda «yzyndan kowup ýetme syýasaty» ýöredýän ýurtlara ykdysady yzagalaklygyny ýeňip geçmäge mümkinçilik berýär.

**Ýeke-täk siwilizasiýa nazaryýeti.** Ýeke-täk sosial-medeni siwilizasiýa nazaryýeti özüniň gözbaşyny Günbatar Ýewropadan alyp gaýdýar. Bu pikiriň ýüze çykanyna iki ýyldan gowrak wagt bolupdy. Onuň esasynda liberallaşma ideýasy durýar. Daşary gatnaşyklaryň liberallaşmagy netijesinde bütindünýä ýeke-täk syýasy, sosial, ykdysady gurluşa geçmeli. Munuň netijesinde diller, dinler, halklar ýiter we ýeke-täk dil, din we halk emele geler diýip hasap edilýär. Bu nazaryýetiň awtory ýapon asylly amerikaly Frensis Fukuýamadyr. Ol «Taryhyň soňy» atly işinde bu nazaryýeti öňe sürýär.

Ýeke-täk siwilizasiýa nazaryýeti döwlet serhetlerini aradan aýyrýan tutuş dünýä halklaryny bir jemgyýete öwrüp bilýän, ýurtlaryň biri-birine baglylygyny barha pugtalandyrýan hökmürowan güýje aýratyn üns berýär.

Ol güýç bolsa ykdysadyýetiň halkaralaşmagy, globallaşmanyň barha giň gerime eýe bolmagy diýip hasaplaýar. Netijede, bolsa günbatarda emele gelen senagatlaşan we postindustrial jemgyýet tutuş dünýäni gaplap alar diýen pikiri ýöredýär.

Bu nazaryýetiň aýratyn taraplarynyň biri hem ykdysadyýetleriň modernizasiýasy günbataryňka meňzeş ýa-da günbataryň anyk nusgasy esasynda bolup geçer diýip hasap edilýär. Halkyň däp-dessury, medeniýeti, durmuş aýratynlyklary hem bu meseläniň içine girýär. Emma geçen asyrda Günbatar we Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň tejribesi modernizasiýanyň günbatar ýoly bilen däl-de, milli özboluşlylyk bilen ösdürip bolýandygyny görkezdi.

**Siwilizasiýalaryň çaknyşygy nazaryýeti.** Bu nazaryýetiň awtory professor Semuel Hantingtondyr. Ol «Sowuk uruşdan» soň dünýä birnäçe polýus esasynda hereket eder diýip belleýär. Onuň pikiriçe dünýä siwilizasiýasy günbatar, yslam, indus, hytaý, ýapon, prawoslaw, afrika, latynamerikan siwilizasiýalarynyň täsiri esasynda öser diýip hasap edýär. Awtoryň pikiriçe, dünýä geljekde ýeke-täk siwilizasiýa esaslanman, biri-biri bilen umumylyklary bolan we hiç wagt aradan aýryp bolmajak tapawutlary bolan siwilizasiýalaryň esasynda hereket eder diýip nygtaýar. Soňky wagtlarda günbataryň dünýä ykdysadyýetindäki paýynyň pese gaçmagy, aziýa ykdysadyýetiniň we siwilizasiýasynyň ýokarlanmagy bu nazaryýet bilen ylalaşmaga iterýär.

Siwilizasiýalaryň çaknyşygy nazaryýeti köp halatda medeni we syýasy jähtleri öz içine alýar. Medeni we syýasy jähtler öz gezeginde ykdysady ýagdaýdan gelip çykýar. Ýigriminji asyryň ortalaryna çenli Günbatar Ýewropanyň, ABŞ-nyň, Awstraliýanyň paýyna dünýäniň jemi önüminiň 1/2 bölegi düşen bolsa, geçen asyryň ahyrlaryna çenli bu görkeziji 1/3-e çenli pese düşdi. Şol döwürde Aziýa ýurtlarynyň dünýäniň jemi önümindäki paýy 1/8-den, 1/3-e çenli ýokarlandy.

Siwilizasiýalaryň çaknyşygy nazaryýetden şeýle netije çykarmak mümkin. Ýagny, dünýäniň köp polýusly bolmagy ýeke bir syýasy tarapdan däl-de, ykdysady jähtden gelip çykýar. Günbatar we ozalky Soýuz respublikalarynyň dünýä ykdysadyýetindäki paýynyň pese gaçýan wagtynda Hytaýyň, Gündogar, Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynyň we Latyn Amerikasy ýurtlarynyň paýy barha ýokarlanýar. Geljekde dünýäniň ykdysady kuwwatynyň ýurtlar we sebitler boýunça gyradeň paýlanmagy mümkindir.

Bu nazaryýet siwilizasiýalaryň içinde haýsy hem bolsa bir döwletiň, halkyň esasy orny eýeleýändigini belleýär. Şeýle hem durnukly ykdysady gatnaşyklar, integrasion birleşmeler köp halatlarda sosial-medeni garaýyş umumylygyndan gelip çykýar. Mysal üçin, ÝS-niň agzalarynyň dördüsinden,

ýagny Gresiýa, Kipr, Bolgariýa we Rumyniýadan galanlary katolik ynançly ýurtlardyr. Ýöne, olar bu integrasiýada uly orun tutmaýar. Şeýle hem awtoryň bellemegine görä, prawoslaw siwilizasiýasy beýleki siwilizasiýalara garanyňda has dostlukly siwilizasiýa hasaplanýar. NAFTA hem iki sany hristian siwilizasiýasyna: günbatar we latynamerikan siwilizasiýasyna esaslanýar. Günbatar we Günorta-Gündogar ýurtlarda hytaý medeniýeti bilen birlikde Hytaýyň ykdysady täsiri hem artýar. Bu sebitde ýapon täsirinden hytaý täsiri has uludyr. Birinjiden, ýapon siwilizasiýasy gözbaşyny Hytaýdan alyp gaýdýar. Ikinjiden, bu sebitiň döwletleriniň ilatyna hytaýlylar etniki düzüm hökmünde gatnaşýar. Ol ýurtlara Malaýziýa, Filippinler, Indoneziýa, Tailand degişlidir. Emma beýleki bir döwletlerde ilat tutuşlygyna hytaýlylardan ybaratdyr. Olara Taýwan, Singapur, Makao degişlidir. Ondan başga-da Hytaý döwleti, Wýetnam, Koreýa ýaly ýurtlar bilen birnäçe umumylyklara eýedir. Şonuň üçin bu sebitde Hytaýyň sosial-medeni täsiri barha artýar diýlip hasap edilýär.

Umuman alanyňda, siwilizasiýalaryň çaknyşygy nazaryýeti köp halatda ykdysady ýagdaýa baglydyr.

# III BAP
# DÜNÝÄNIŇ SYÝASY KARTASY

## 3.1. Dünýäniň häzirki syýasy kartasynyň emele gelmeginiň döwürleri

Dünýäniň häzirki zaman syýasy kartasy birnäçe müňýyllyklaryň dowamynda emele geldi. Birnäçe taryhy döwürler dünýäniň syýasy kartasynyň emele gelmegine täsir etdi. Olar gadymy, orta asyr, täze we iň täze döwürler diýlip atlandyrylýar.

**Gadymy döwür.** Bu biziň eramyzyň V asyryna çenli aralyk bolup, gul eýeçilik döwrüni öz içine alýar. Bu eýýamda ilkinji döwletleriň ýüze çykmagy, olaryň käbiriniň ýokary derejede ösmegi bilen baglanyşyklydyr. Ol döwletlere gadymy Müsür, Karfagen, Nusaý, Gadymy Gresiýa, Rim, Hytaý degişlidir. Bu döwletler dünýä siwilizasiýasynyň ösmegine örän uly goşant goşdular. Bu eýýamda ýurtlaryň territoriýasynyň giňemegi diňe harby hereketleriň netijesinde gazanylýardy.

**Orta asyrlar döwri.** Bu döwür V–XV asyr aralygy öz içine alýar. Gul

eýeçilik gurluşyň ýykylmagy, feodalçylyk gurluşyň emele gelmegi bu döwrüň häsiýetli alamatlarynyň biridir. Ýewropa ýurtlarynyň Gündogar döwletleri bilen gury ýer söwda ýollarynyň Osman imperiýasynyň golastyna geçmegi bilen deňiz ýollaryny gözlemek, täze ýerleri basyp almak meýilleri barha güýçlenendir. Bu döwürde birnäçe döwletler öňe çykdylar. Olara Angliýa, Portugaliýa, Ispaniýa, Osman imperiýasy degişlidir. Taryhda uly yz galdyran türkmen patyşalyklary hem şu döwre degişlidir. Beýik geografiki açyşlar täze deňiz ýollarynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşyklydyr. Beýik geografiki açyşlaryň netijesinde dünýäniň syýasy kartasy hem düýpli özgerdi.

**Hronologiýa:**

1420-nji ýyllar – Portugaliýanyň ilkinji bolup koloniýa döwletleri basyp alyşlary: Madeýra, Azor adalary.

1453-nji ýyl – Konstantinopolyň ýykylmagy.

1492–1502-nji ýyllar – Amerikanyň açylmagy. Kolumbyň Merkezi Amerika we Günorta Amerikanyň demirgazygyna 4 gezek syýahat etmegi. Ispanlaryň Amerikany koloniýalaşdyryp başlamagy.

1494-nji ýyl – Tordesilýas şertnamasy – Portugaliýa bilen Ispaniýanyň dünýäni özara paýlaşmagy.

1498-nji ýyl – Wasko da Gamanyň Ýewropadan gidip, Hindistanyň we Afrikanyň daşyndan aýlanmagy.

1499–1504-nji ýyllar – Magellanyň we onuň ýoldaşlarynyň Ýer şarynyň daşyndan aýlanmagy.

Taryhyň täze döwri XV–XVI asyrlarda ýüze çykyp, XX asyryň başlaryna çenli dowam edýär. Bu aralyk Birinji jahan urşy ýyllaryny hem öz içine alýar. Bu eýýama «Gaýtadan döreýiş eýýamy» hem diýilýär. Bu döwürde kapitalistik gatnaşyklar ýüze çykyp, onuň ösmegi we tutuş dünýäniň bazar gatnaşyklaryna esaslanýan hojalyga öwrülmegi bilen häsiýetlenýär. Bazar gatnaşyklary ilki Ýewropada ýüze çykdy. Soňra kolonial basybalyşlaryň netijesinde dünýä ýüzüne ýaýrady.

Beýik geografiki açyşlaryň ilkinji ýyllarynda iri kolonial döwletler Ispaniýa we Portugaliýady. Manufaktura önümçiliginiň ösmegi netijesinde Angliýa, Fransiýa, Niderlandlar, Germaniýa, olardan birneme soňrak ABŞ kolonial döwletleriň hataryna goşuldylar. Şeýlelikde, dünýä özüniň birmeňzeşligini ýitirdi.

XIX–XX asyrlarda dünýäniň syýasy kartasynyň durnuksyzlygy barha güýçlendi. Iri kolonial döwletleriň arasynda dünýäni paýlaşmak ugrundaky göreş ýitileşdi. Mysal üçin, 1876-njy ýylda Afrikanyň territoriýasynyň 10%-i basylyp alnan bolsa, 1900-nji ýylda yklymyň 90%-i basylyp alyndy. XX asyryň başlaryna çenli dünýäni özara paýlaşmak gutarnykly tamamlandy.

Iň täze döwür üç tapgyra bölünýär. Birinji tapgyr Birinji jahan urşunyň

gutarmagy bilen baglanyşyklydyr. Bu tapgyrda dünýäde ilkinji sosialistik RSFSR-iň (soňra SSSR) döremegi, Awstro-Wengriýanyň dargap, hersiniň özbaşdak döwlet bolmagy, Polşa, Finlýandiýa, Serb patyşalygy ýaly döwletler emele geldi. Milletler Ligasynyň Germaniýanyň we Osman imperiýasynyň ozalky koloniýalaryny dolandyrmak boýunça beren mandatyna laýyklykda Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň, Belgiýanyň, Ýaponiýanyň kolonial täsiri has güýçlendi.

Ikinji tapgyr Ikinji jahan urşundan soň başlap, 1990-njy ýyllar aralygy öz içine alýar. Bu döwürde kolonial ulgamyň dargap, Aziýada, Afrikada, Latyn Amerikasynda, Ummanystanda (Okeaniýa) köp sanly garaşsyz döwletler emele geldi. 1960-njy ýylyň «Afrika ýyly» diýlip atlandyrylmagy ýöne ýere däldir. Afrika yklymynda ýerleşýän ýurtlaryň köpüsi bu tapgyrda garaşsyz boldular.

Iň täze taryhyň üçünji tapgyry 1990-njy ýyllardan başlap, häzir hem dowam edýär. Bu tapgyrda dünýäniň syýasy kartasynda, sosial-ykdysady we syýasy jemgyýetçilik durmuşynda düýpli özgerişler bolup geçdi. Ol özgerişler aşakdakylardan ybaratdyr:

– 1990-njy ýylda Ýemen Arap Respublikasy bilen Ýemen Halk Demokratik Respublikasynyň birleşmegi;
– 1990-njy ýylyň 3-nji oktýabrynda iki german döwletiniň Germaniýa Demokratik Respublikasy bilen Germaniýa Federatiw Respublikasynyň birleşmegi;
– Dünýäniň ykdysady we syýasy durmuşyna täsir edýän Warşawa Şertnamasy Guramasy bilen özara ykdysady Kömek Sowetiniň öz işini 1990-njy ýylda bes etmegi;
– Ýugoslawiýanyň dargamagy bilen birnäçe garaşsyz döwletleriň emele gelmegi. Olara Sloweniýa, Bosniýa we Gersegowina, Makedoniýa, Horwatiýa, Serbiýa, Çernogoriýa degişlidir. Uly federasiýanyň dargamagy bilen onuň düzümine giren ýurtlarda raýatlyk we milletara dawalaryň ýitileşmegi;
– 1991-nji ýylda SSSR-iň ýykylmagy bilen täze garaşsyz döwletleriň emele gelmegi we Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň (GDA) döremegi;
– Afrikada iň soňky koloniýa bolan Namibiýanyň garaşsyzlygyny gazanmagy;
– Ummanystanda täze özbaşdak döwletleriň döremegi. Olara Mikroneziýanyň Federatiw Ştatlary, Marşal adalar Respublikasy, Demirgazyk Marian adalarynyň Arkalaşygy degişlidir;

- 1993-nji ýylda Eritreýa garaşsyzlygyny jar etdi. Ol Efiopiýanyň ozalky prowinsiýasy bolup, garaşsyzlyk ugrunda 30 ýyllap göreşdi;
- 2003-nji ýylda Gündogar Timor adasy Indoneziýadan garaşsyzlygyny aldy;
- 2008-nji ýylda Kosowa Serbiýadan bölünip aýryldy;
- 2008-nji ýylda Günorta Osetiýa we Abhaziýa Gruziýadan bölünip aýryldy;
- 2011-nji ýylda Sudan Günorta Sudana we Sudana bölündi.

Ýokarda aýdylanlara salgylanaňda dünýäniň häzirki syýasy kartasynyň uzak ýyllaryň dowamynda emele gelendigini, ýöne onuň şeýle çalt üýtgeýşiniň XX asyrda bolup geçendigini görmek bolýar. Dünýäniň häzirki syýasy kartasy hem entek doly durnukly diýip aýdyp bolmaz. Köp döwletlerde milletara, dini, territorial dawalar heniz hem dowam edýär.

## 3.2. Territoriýa we serhet düşünjesi

Döwletiň we jemgyýetiň durmuşynda giňişlik faktory hemişe wajyp orny eýeleýär. Ýurduň ýerleşýän ýeriniň giňligi we ýerleşýän ýeri ykdysady taýdan örän ähmiýetlidir. Geografiki nukdaýnazardan döwletiň territoriýasy bellibir giňişlikden ybaratdyr. Döwletiň territoriýasynyň üstündäki howa giňişligi hem oňa degişli bolup durýan tebigy we adam işiniň netijesinde döredilen baýlyklary öz içine alýan çäkli gury ýer giňişligidir.

Döwlet serhedi döwlet territoriýasynyň çägini kesgitleýär. Gury ýer, howa, suw giňişlikleri ýurtlaryň arasynda döwlet serhedi arkaly kesgitlenendir. Entek doly kesgitlenilmedik, haýsy döwlete degişlidigi çözülmedik ýerler hem bar. Şeýle ýerleri dolandyrmak ýa-da gözegçilik etmek döwletara we halkara ylalaşyklaryň esasynda wagtlaýyn ýa-da şertnamalaýyn ýagdaýda amala aşyrylýar.

Döwlet serhedi − döwletiň çägini kesgitleýän çäk bolup, şol çäkdäki gury ýer, suw, howa we tebigy baýlyklar bilen bir hatarda döwlet özbaşdaklygy hem ýerleşýär. Döwlet serhedi − ykdysady we syýasy serhet bolup, şol serhediň çäginde döwlet gurluşynyň kanunçylygy, milli aýratynlyklar, gümrük gözegçiligi, özbaşdak daşary söwda hukuklary saklanyp galýar. Gury ýer we deňiz serhedi, serhetdeş ýurtlaryň arasynda şertnama arkaly kesgitlenilýär. Döwlet serhedini kesgitlemegiň

iki görnüşi bolup olara delimitasiýa, beýlekisine demorkasiýa diýilýär.

Delimitasiýa – serhetdeş döwletleriň hökümetleriniň arasynda ylalaşyk esasynda döwlet çäginiň umumy ugry kesgitlenilýär we geografiki karta girizilýär.

Demorkasiýa – döwlet serhedi çäk esasynda pugta kesgitlenilýär we serhet belgileri bilen belgilenýär.

Döwlet serhetleriniň birnäçe görnüşi hem bar. Olaryň birinjisine tebigy serhet diýlip, tebigy ýagdaýlara görä ýurduň çägi bellenilýär (mysal üçin, daglyk, derýa we ş.m).

Ikinjisine orografiki serhet diýlip, relýefiň ýerli ýagdaýyny hasaba almak arkaly çekilýär.

Üçünjisine geometriki serhet diýlip, bellibir aralygy göni çyzyk çekmek arkaly belgilenýär.

Dördünjisi haýsy hem bolsa bir parallel ýa-da meridian bilen gabat gelýän serhede bolsa geografiki serhet diýilýär. Serhetleriň soňky ikisi Afrika we Amerika ýurtlarynda giňden ýaýrandyr.

Köllerde döwlet serhedi kenaryň uzynlygyna laýyklykda göni çyzyk arkaly ýurtlaryň arasynda deň paýlanylýar. Derýalarda akabanyň giňligi göni iki bölege bölünmek arkaly döwlet serhedi kesgitlenilýär.

Döwletiň içerki territoriýasy birnäçe administratiw territorial böleklere we ykdysady sebitlere bölünýär. Olara dürli döwletlerde her hili at berilýär. Mysal üçin, respublika, ştat, ýerler, prowinsiýa, prefektura, oblast, welaýat we ş.m.

Döwlet territoriýasy şol bir wagtyň özünde garyşyk we halkara düzgünli territoriýalara hem bölünýär. Döwlet bolmak üçin hökman territoriýasy bolmaly. Şol territoriýada hem döwlet özbaşdaklygy kesgitlenilýär. Döwletiň territoriýasynyň düzümine gury ýer, çägi, içerki we territorial suwlar, howa giňişligi, degişli suw giňişliginiň aşagyndaky ýer degişlidir. Territorial suw kenardan 3 ýa-da 12 deňiz mili uzaklykdaky aralyga aýdylýar (1 deňiz mili 1,8 gury ýer miline deň). Häzirki wagtda 100-e golaý deňizýaka döwlet bar diýlip hasaplanylýar.

Döwlet öz territoriýasynda hökmürowandyr. Ýurduň territoriýasyndan döwletiň özi bilen bir hatarda beýleki döwletler halkara hukugyna laýyklykda peýdalanýarlar. Bu peýdalanylýan territoriýalara howa giňişligi, kontinental şelfiň daşynda ýerleşýän deňziň düýbi degişlidir.

Demirgazyk buzly ummanyň arktiki sebitleri halkara hukuk düzgünine laýyklykda käbir aýratynlyklara eýedir. Kanada, Russiýa we beýleki döwletler bu sebiti «polýar sektoryň» çägine girýän adalar, buzly ýerler kenar ýakasyna laýyklykda bu döwletleriň territoriýasynyň düzümine girizildi. «Polýar sektor» giňişligi ýurduň demirgazyk serhedi, gapdal serhetleri meridianlar boýunça kesgitlenildi. 2008-nji ýylda rus suwasty

gämisi Arktikada baýdak dikdi. Şoňa laýyklykda Arktikanyň 50%-e golaýyny Russiýa özüne degişli diýip hasap edýär. Bu hereketi delillendirmek üçin topragyň meňzeşligi baradaky subutnamany öňe sürdüler. Arktikada dünýä nebitiniň we gazynyň 25%-i bar diýlip çaklanylýar. Şeýle uly baýlykly ýeriň ýarysyna golaýyny bir döwletiň öz territoriýasy diýip hasap edilmegi birnäçe döwletleriň nägileligine we jedelli meseleleriň döremegine getirýär.

Antarktida boýunça halkara hukuk düzgüni 1959-njy ýylda dikeldildi. Oňa laýyklykda ylmy barlag işlerini alyp barmaga hemme döwletlere ygtyýar berildi.

Kosmos giňişligi Ýer şarynyň çäginden ýokarda ýerleşýär. Onuň halkara hukuk düzgüni, ýörelgeleri we normalary halkara kosmos hukugynyň esasynda kesgitlenilýär.

Garyşyk düzgünli territoriýa kontinental şelf we ykdysady zona degişlidir.

XX asyrda dünýä ummanyny paýlaşmak ykdysady we syýasy meseleleriň birine öwrüldi. Ummanlaryň mineral serişdeleri gözlemek, gazyp almak üçin hukuk esaslaryny düzmek meselesini öňe çykardy. Käbir hasaplamalara görä kontinental şelfiň meýdany dünýä ummanynyň 1/2 bölegine barabar diýlip hasap edilýär.

1982-nji ýylda kabul edilen deňiz hukugy boýunça BMG-niň Konwensiýasyna laýyklykda kontinental şelf diýip ýurduň gury ýer araçägine ýa-da territorial suwuň gutarýan araçäginden 200-e deň bolan deňiz mil aralygyna deňiz düýbüne we gazylyp alynýan baýlyklaryna düşünilýär.

Kontinental şelfiň daşky araçägi 200 metrden geçýän deň çuňlukly çyzygy bolan ýerlerde 100 deňiz milinden uzakda ýerleşip bilmez we territorial suwuň ininiň ölçegine baglylykda 350 deňiz milinden geçip bilmez. Şelfleriň çuňlugy adatça 100–200 metre ýetýär (Ohot deňziniň Günorta-Kuril kotlowany).

Dünýä ýurtlarynyň öz şelflerinde gözleg geçirmäge doly hukuklary bar, şeýle hem özüne degişli bolmadyk şelflerde hukugy ýokdur.

Ykdysady zolaklary döretmek başlangyjy bilen 1960-njy ýyllaryň ahyrynda Latynamerika döwletleri çykyş etdi. 1980-nji ýyllaryň ortasyna dünýäniň ähli ýurtlary diýen ýaly göreldäni dowam etdi. Häzirki wagtda ykdysady zolaklaryň paýyna dünýä ummanynyň 40% meýdany, şol sanda dünýä boýunça tutulýan balyklaryň 96% berýän çäkleri düşýär.

Ykdysady zolaklar − bu territorial suwuň çäginden geçýän ini 200 deňiz mile golaý bolan dünýä ummanynyň akwatoriýa (suw ýüzüniň meýdany) çägidir. Bu çäkde kenar ýok ýurtlarda mineral resurslary gözlemäge we özleşdirmäge, ylmy barlaglary we işleri geçirmäge, balyk tutmaga garaşsyz hukugy bardyr. Beýleki ýurtlaryň bolsa erkin gämi gatnawuny amala aşyrmaga

we artyk bolan ýagdaýynda balyk almaga hukugy bar (BMG-niň deňiz hukugy boýunça konwensiýasyna laýyklykda).

Balyk tutulýan zolaklar we şelfler köp halatda ýurtlaryň gury ýer territoriýasynyň tutýan meýdanyndan köpdür hem-de olaryň resurs mümkinçiligini düýpli artdyrýar.

Aýratyn territorial düzgünler – bu hukuk derejesini we haýsy hem bolsa çäkli territoriýany ýa-da giňişligi peýdalanmagyň tertibini kesgitleýän halkara-hukuk düzgünli territoriýadyr. Ol käbir ýa-da dünýäniň ähli ýurtlarynyň bähbitlerini nazara alyp döredilip bilner.

Häzirki wagtda halkara gämi gatnawy üçin ulanylýan halkara derýalar, aýlaglar we kenarlar boýunça gämi gatnawynyň düzgüni; balyk tutmak we beýleki deňiz awçylyk görnüşli düzgünler; deňiz düýbüniň mineral resurslaryny özleşdirmek; serhedara derýalaryň suwuny peýdalanmak we beýleki görnüşli hojalyk işlerini alyp barýan düzgünler hereket edýär.

Territoriýalaryň halkara-hukuk kärendesi, erkin ykdysady zolaklaryň düzgüni, gümrük gatnaşygyndaky aýratyn hukuk territorial düzgüniň özboluşly görnüşleridir (daşary ýurtlaryň territoriýalarynda harby bazalaryň ulanylmagy territorial düzgüniň özboluşly görnüşine degişli däldir).

## 3.3. Dünýäniň syýasy kartasynyň obýektleri

Dünýäniň syýasy kartasynyň esasy obýekti dürli gurluşly, özbaşdak we özbaşdak dolandyrylmaýan (syýasy taýdan garaşly) döwletlerden ybaratdyr. Döwlet döreýiş ulgamy gapma-garşylykly we hemişe üýtgäp durýar. Onuň üýtgemeginiň esasy sebäbi dünýäde sosial-syýasy we ykdysady ýagdaýlaryň çalt bolup geçýändiginden ybaratdyr. Dünýä döwlet ulgamyny öwrenýän «geosyýasat» ylmy döwletleriň arasyndaky sosial-ykdysady we geografiki baglanyşygy öwrenýär we çaklaýar.

XX asyrda özbaşdak döwletleriň sany barha artýardy. 1900-nji ýylda dünýäde 55 sany özbaşdak döwlet bardy. Beýik Britaniýa, Fransiýa, ABŞ, Ýaponiýa, Russiýa, Niderlandlar, Belgiýa, Portugaliýa, Ispaniýa, Italiýa ýaly ýurtlar köp sanly kolonial territoriýalara eýelik edýärdiler. Bu döwletlere koloniýalary elde saklamak barha kyn düşüp başlady. 1940-njy ýylda özbaşdak döwletleriň sany 71-e ýetdi. Ikinji jahan urşundan soň kolonial ulgam dargady. Koloniýa-

lardaky milli azat edijilik hereketiň netijesinde 1947-nji ýylda özbaşdak döwletleriň sany 81-e, 1952-nji ýylda 92-ä, häzirki wagtda bolsa olaryň sany 230-dan gowrakdyr. Aýratyn bellemeli ýagdaýlaryň biri hem özbaşdak döwlet bolmak üçin ilkinji nobatda hökman bolmaly zatlar bardyr. Olara territoriýa, kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýeti, hökümet ýa-da döwlet baştutany bolmalydyr. Käbir halatlarda özbaşdaklygyňy meýletin esasda çäklendirmek hem özbaşdak döwlet diýlip hasap edilýär.

2011-nji ýylyň sentýabr aýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66--njy sessiýasynda dünýäniň syýasy kartasyndaky özbaşdak döwletleriň sany häzirki wagtda 193 sany diýip hasap edildi. Emma özüni özbaşdak döwlet diýip hasap edýän ýurtlaryň sany ondan has köpdür. Dünýädäki döwletleriň anyk sanyny doly aýdyp bolanok. Sebäbi käbir döwletleriň özbaşdak döwlet hökmündäki syýasy statusy doly kesgitlenilen däldir. Mysal üçin, raýatlyk urşy netijesinde Koreýa iki bölege bölündi. Uruşýan taraplaryň arasyndaky ot açyşlygy bes etmek üçin ýurduň territoriýasy günorta we demirgazyga bölünip, 48-nji meridian boýunça demarkasion liniýa geçirildi. Soňlugy bilen ýarym adanyň demirgazygynda Koreýa Halk Demokratik Respublikasy we Günorta Koreýa emele geldi. Bu döwletleri serhet däl-de, demarkasion liniýa ikä bölýär. Şonuň üçin hukuk nukdaýnazardan Koreý ýarymadasynda iki däl-de bir döwlet bar. Ýa-da Taýwan birnäçe onýyllyklaryň dowamynda özbaşdak döwlet hökmünde hereket edýär. Emma ol hakykat ýüzünde Hytaýyň prowinsiýasydyr. Günorta Osetiýa we Abhaziýa özleriniň özbaşdaklygyny jar eden hem bolsalar, olar BMG-niň agzalary tarapyndan ykrar edilenok. Şeýle mysallaryň başga-da birnäçesini getirmek bolar.

Territorial taýdan bellibir ýeri bolsa-da syýasy taýdan özbaşdaklygy kesgitlenilmedik ýerler hem bar. Ispaniýanyň Günbatar Saharadaky ozalky koloniýasy birnäçe ýyllara çeken raýatlyk urşy netijesinde özbaşdaklygyny gazandy. Emma ol döwletiň Marokkonyň düzümine girmegi ýa-da özbaşdak döwlet bolmagy baradaky mesele heniz hem çözülenok.

Häzirki wagtda dünýäde 300 töweregi territorial, serhet, etniki dawaly ýerler bolup, olaryň 100-e golaýy has ýiti häsiýete eýedir. Mysal üçin, Ispaniýa bilen Angliýanyň arasyndaky Gibraltaryň özbaşdaklygy ugrundaky dawa entek hem dowam edýär. Folklend (Malwinskiý) adalarynyň kime degişlidigi baradaky çekişme 1982--nji ýylda Angliýa bilen Argentinanyň arasyndaky harby hereketleriň döremegine getirdi. 1947-nji ýylda Ysraýyl bilen Palestinanyň arasyndaky serhet meselesiniň çözülmändigi sebäpli, iki döwletiň arasynda çaknyşyklar henize çenli dowam edýär. Şeýle dawaly territoriýalaryň sanawy köp sanly bolup, olaryň sanyny näçe köpeltseň köpeldibermeli. Dünýäde 40 million kürt

bolsa-da Kürdüstan döwleti ýok. Hindistan bilen Pakistanyň arasyndaky serhet ýakadaky Jammu we Kaşmir welaýatlarynyň kime degişlidigi, Demirgazyk Irlandiýanyň entegem Angliýanyň düzüminde bolmagy, Demirgazyk Kawkaz ýurtlarynyň arasyndaky ýer dawasy entekler hem çözülenok.

Häzirki wagtda dünýäde özbaşdak dolandyrylmaýan, syýasy taýdan garaşly ýerleriň 40-a golaýy bar. Syýasy taýdan garaşlylygyň birnäçe formalary bar. Garaşly territoriýalaryň adaty, klassyky formasy koloniýadyr. Koloniýa – latyn sözünden gelip çykyp «göçürmek, göçüp gelmek» diýmegi aňladýar. Kolonial döwletleriň we territoriýalaryň ykdysady we syýasy özbaşdaklygy daşary ýurt tarapyndan doly mahrum edilip, olar ýörite düzgün esasynda dolandyrylýar. Häzirki wagtda 22 sany koloniýa bar diýlip hasap edilýär. Olar BMG-niň aýratyn sanawynda durýar. Dünýä döwletleriniň köpüsi we BMG olaryň hemmesini garaşsyz döwletler diýip hasap edýär. Beýik Britaniýa häzir hem iri koloniýalara eýe bolan döwletdir.

**Beýik Britaniýanyň koloniýalary:**

1. Gibraltar (Ispaniýa bilen jedelli territoriýa);
2. Mukaddes Ýelena adasy (Atlantika ummanynda);
3. Angiliýa (Karib deňzinde);
4. Wirgin adalary (Karib deňzinde);
5. Kaýmanlar adalary (Karib deňzinde);
6. Montserrat (Karib deňzinde);
7. Terks we Kaýkos (Karib deňzinde);
8. Pitkert (Ummanystanda);
9. Bermud adalary (Atlantika ummanynda);
10. Folklend (Malwin adalary Argentina jedelli territoriýa).

**Niderlandlaryň koloniýalary:**

1. Antil adalary (Bonaýre, Kýurosso, Saba we beýlekiler);
2. Aruba (Karib deňzinde).

**ABŞ-nyň koloniýalary:**

1. Wirgin adalary (Karib deňzinde);
2. Gündogar Samoa (Ummanystanyň korporirlenmedik territoriýasy);
3. Guam (Ýuwaş ummanyndaky Marian adalar topary);
4. Ummanystandaky adam ýaşamaýan, harby bazalar ýerleşdirilen Jonson, Send, Palmira, Jarwiş, Kingmen-Rif, Honulend, Beýker adalary;
5. Midneý (Ýuwaş ummanyň merkezi bölegindäki atoll). Atoll – halka ýa-da üzülen halka görnüşli merjen adalary;
6. Ueýk (atoll üç adadan: Ueýk, Uilsi, Pil ybarat atoll. Ýuwaş ummanyň merkezi böleginde ýerleşýär).

Klassyky koloniýa Awstraliýa we täze Zelandiýa hem eýelik edýär. Awstraliýa Norfolk, Tokelan adalaryna eýelik edip, olaryň ikisi hem özbaşdak dolandyrylmaýan adalardyr.

Syýasy taýdan garaşlylygyň ýene bir görnüşine «deňiz aňyrsyndaky departamentler» diýilýär. Şeýle departamentler Fransiýa tarapyndan atlandyrylýar. Fransiýa «deňiz aňyrsyndaky departamentlerine» öz territoriýasyna birleşmäge we fransuz raýatlary bilen deň hukukly bolmaga ygtyýar berýär. Bu departamentler fransuz hökümeti tarapyndan bellenen komissar tarapyndan dolandyrylýar. Olaryň käbirine özbaşdak dolandyrmaga ygtyýar hem berlendir.

Fransiýanyň «deňiz aňyrsyndaky departamentlerine: Fransuz Gwianasy, Gwadelupa, Martinika (Karib deňzinde), Reýunon adasy (Hindi ummanynda), şeýle hem Hindi ummanyndaky Kroze, Kergelen, Sen-Pol, Amsterdam we Ýuwaş ummanyndaky Klipperton adasy degişlidir.

Fransiýanyň deňiz aňyrsyndaky territoriýalary: Täze Kaledoniýa, Fransuz Polineziýasy (oňa Jemgyýet, Tnamotyn, Markiz, Tubuai, Bas), şeýle hem Futuna we Uollis adalary degişli bolup, olaryň hemmesi hem Ummanystanda ýerleşýär.

Syýasy taýdan garaşly ýerlere «assosirlenen» territoriýalar diýlip hem atlandyrylýar. Şeýle atlandyrylýan ýerlere ABŞ, Awstraliýa we Täze Zelandiýa eýelik edýär. Olara aşakdakylar degişlidir.

1. Mikroneziýa (Ýuwaş ummanyndaky, Korolin, Marian we Marşallar adalardan ybarat bolup, olar garaşsyzlygyny almankalar ABŞ-nyň golastyndadylar. Häzirki Mikroneziýanyň Federatiw ştatlary, Demirgazyk Marian adalarynyň Arkalaşygy, Marşallar Respublikasy «assosirlenen» territoriýalardyr.
2. Kokos ýa-da Killingr adasy – Awstraliýa «erkin assosirlenen ada».
3. Kuka we Nine adalary – içerki özbaşdak dolandyryşa eýe bolup, Täze Zelandiýa erkin assosirlenendir.

## 3.4. Döwlet dolandyrylyşynyň formalary

Islendik ýurduň döwlet gurluşy onuň dolandyrylyşy bilen häsiýetlendirilýär. Döwleti dolandyrmagyň iki formasy bar. Olaryň birinjisine respub-

likan, ikinjisine monarhiýa diýilýär. Respublikan dolandyryş gözbaşyny gadym döwürlerden alyp gaýdýar (Gadymy Gresiýa Respublikasy, Rim Respublikasy). Dolandyryşyň bu formasynyň giňden ýaýran döwri täze we iň täze döwürlere düşýär.

1991-nji ýyla çenli 127 sany respublika bardy. SSSR-iň we Ýugoslawiýanyň dargamagy bilen olaryň sany 140-dan geçdi.

Respublikan gurluşda adatça, kanun çykaryjylyk parlamente, ýerine ýetiriji häkimiýet hökümete degişlidir. Bu dolandyryş prezident respublikasy we parlamentar respublikasy ýaly dolandyryş bilen tapawutlanýar. Prezident respublikasynda halk tarapyndan bellibir möhlete saýlanan, elinde giň ygtyýarlyklar jemlenen prezident ýurdy dolandyrýar. Parlament respublikasynda prezidentiň elindäki ygtyýarlyklar çäklendirilip, premýer-ministri hökümet düzýär. Parlament respublikalara GFR, Italiýa, Hindistan degişlidir.

Dolandyryşyň ikinji formasy monarhiýa bolup, ol grek sözünden gelip çykyp, monarchiýa – «ýeke-täk häkimiýetçilik» diýmegi aňladýar. Dolandyryşyň bu görnüşi gözbaşyny gul eýeçilik jemgyýetinden alyp gaýdýar.

Dünýäniň häzirki syýasy kartasynda 30 sany döwlet monarhiýa hasaplanylýar. Olaryň 14-si Aziýada, 12-si Ýewropada, 3-si Afrikada, 1-i Ummanystanda ýerleşýär. Amerika kontinentinde monarhiýa dolandyryşly döwlet ýokdur.

Aziýada ýerleşýän monarhistik döwletlere Butan, Iordaniýa, Komboja, Kuweýt, Nepal, Saud Arabystany, Tailand, Bahreýn, Katar, BAE, Bruneý, Malaýziýa, Oman, Ýaponiýa degişlidir.

Syýasy garaşlylygyň ýene-de bir görnüşi häzirki güne çenli saklanýar. Oňa protektorat diýilýär. Syýasy edebiýatda protektorata koloniýa hökmünde seredilýär. Protektorat bolanda bir döwlet beýleki bir döwlete daşary gatnaşyklaryny doly elinden giderýär. Içerki dolandyryşda özbaşdaklyga eýe bolsa-da protektor döwlet tarapyndan bellenen geňeşdara maslahat salýar. Häzirki wagtda Ýewropadaky 3 sany «kiçi döwletler» protektorat hasaplanylýar. San-Marino 1862-nji ýyldan bäri Italiýanyň, Monako 1861-nji ýyldan bäri Fransiýanyň, Lihtenşteýn 1924-nji ýyldan bäri Şweýsariýanyň protektoraty hasaplanýar.

Syýasy garaşlylygyň ýene-de bir görnüşine «erkin birleşen döwlet» diýilýär. Puerto-Rika 1952-nji ýyldan bäri ABŞ-a «erkin birleşen döwlet» statusyna eýe boldy. Ol özbaşdak dolandyrmak hukugyna eýedir. ABŞ-nyň Kongresine Puerto-Rikanyň wekili gatnaşýar, ýöne onuň ses bermäge hukugy ýokdur.

Ýewropadaky monarhiýa döwletler – Beýik Britaniýa, Belgiýa, Daniýa, Ispaniýa, Niderlandlar, Norwegiýa, Şwesiýa, Lesoto, Marokko, Swazilend, Butan, Iordaniýa, Komboja, Nepal, Saud Arabystany, Tailand, Tonga.

Knýazlyklar: Andorra, Lihtenşteýn, Monako.

Beýik gersoglyk: Lýuksemburg.

Papa döwleti: Watikan.

Emirlikler: Bahreýn, Katar, Kuweýt, BAE.

Soltanlyklar: Bruneý, Malaýziýa, Oman.

Imperiýa: Ýaponiýa.

Monarhiýa dolandyryşy hem öz gezeginde iki görnüşe bölünýär. Konstitusion we absolýut monarhiýa. Konstitusion monarhiýada monarh patyşalyk edýär, emma ýurdy dolandyrmaýar. Onuň dolandyryşy örän çäklendirilendir. Dünýäde iň köne konstitusion monarhiýa Beýik Britaniýadyr. Häzirki monarhiýa Ýelizaweta II-dir. Ol Anglikan buthanasynyň, ýaragly güýçleriň, sud ulgamynyň baştutanydyr, parlamentiniň kabul eden kanunlaryna-da gol çekýär. Emma onuň gol çekmegi diňe simwoliki mana eýedir. Umuman, Ýewropada we Ýaponiýada monarhyň dolandyrylyşy örän çäklidir. Aziýa we Afrikada bolsa monarhlaryň häkimiýeti düýbünden çäklendirilmeýär diýen ýalydyr. Parlament diňe ýygnak geçiriji edara hökmünde öz işini alyp barýar. Absolýut monarhiýa Saud Arabystany, BAE, Oman, Kuweýt, Katar degişlidir. Mysal üçin, Saud Arabystanynda ähli ýurt, tebigy baýlyklar formal taýdan Al-Tani neberesine degişlidir. Ýewropada absolýurt monarhiýa hökmünde şertli ýagdaýda Watikany görkezmek bolar. Käbir absolýurt monarhiýalarda monarh halkyň dini we ruhy ýolbaşçysy hökmünde çykyş edýär. Mysal üçin, Saud Arabystanynda, Bruneýde, Watikanda.

Düzgün boýunça monarh ömürlik saýlanylýar. Emma Malaýziýada we BAE-de monarhlar bellibir möhletden soň täzeden saýlanylýar. Malaýziýa 9 soltanlykdan, 7 emirliklerden ybarat bolup, beýik soltan we emir ähli-halk ýygnagy esasynda 5 ýyl möhlete saýlanylýar. BAE-de bolsa saýlawy emirleriň özi geçirýär.

Dolandyryşyň ýene bir formasy «Arkalaşygyň düzümindäki Döwletler» diýlip atlandyrylýar. Arkalaşyk (Commonwealth) döwletara birleşik bolup, oňa Beýik Britaniýa ýolbaşçylyk edýär. Onuň düzümi Beýik Britaniýa bilen 50 sany agzadan ybarat. Olaryň hemmesi-de ozalky britan koloniýalarydyr. Arkalaşygyň 15 agzasy − Kanada, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Papua-Täze Gwineýa, Tuwalu, Mawrikiý, Antiguýa we Barbuda, Bagam adalarynyň Arkalaşygy, Barbados, Beliz, Grenada, Sent-Wintsent we Grenadiniý, Sent-Kristofer we Newis, Sent Lýusiýa, Ýamaýkada – döwlet baştutany bolup Britan monarhy çykyş edýär. Hökümete şol döwletiň hödürlän baş (general) gubernatory ýolbaşçylyk edýär. Emma baş gubernatoryň elinde hiç-hili hukuk ýokdur. Ol diňe monarhyň adyndan wekilçilik edýär. Dolandyryşyň şeýle formasy Britan Arkalaşygyna girýän 15 agzanyň arasynda däp bolup galypdyr.

Dünýäniň syýasy kartasynyň üýtgeýşi örän çalt häsiýete eýedir. Has dogrusy bu üýtgeme transformasiýa häsiýetli bolup, bir territoriýadan beýleki bir territoriýa akyp geçýär. Bu üýt-

geme iki ugur boýunça bolup geçýär. Bu meýle «merkezden daşlaşma» we «merkeze ymtylma» diýip at berilýär. Merkezden daşlaşma meýli ozalky iri kolonial döwletlerde bolup geçýär. Ol döwletlere Angliýada Uels, Şotlandiýa, Demirgazyk Irlandiýa, Hytaýda Tibet we ş.m. degişlidir.

«Merkeze ymtylma» meýline eýe bolan döwletlerde birleşme prosesi barha güýçlenýär. Mysal üçin, iki Germaniýanyň, Ýemeniň birleşmegi NATO, Arap Döwletleriň Ligasy, ykdysady taýdan ÝS, GDA, NAFTA degişlidir.

## 3.5. Döwlet gurluşynyň we döwlet düzgüniniň formalary

Dünýäniň syýasy kartasynyň wajyp, düzüm bölekleriniň biri hem döwletiň administratiw-territorial gurluşydyr. Ol gönüden-göni döwletiň ilatynyň milli etniki, taryhy-geografiki aýratynlyklary bilen baglanyşykly bolup, döwletiň syýasy gurluşy we döwlet dolandyrylyşyny häsiýetlendirýär.

Döwletiň administratiw-territorial gurluşynyň unitar we federatiw formalary bar. Unitar gurluş federatiw gurluşa garanyňda has ir ýüze çykandyr.

Unitar – latyn sözi bolup «bütewi» diýmegi aňladyp, ýurduň ähli administratiw-territorial birlikleri ýeke-täk merkezi häkimiýete tabynlykdadyr. Administratiw-territorial birlikler döwlet gurluşynyň özbaşdak alamatlaryna eýe däldir.

Unitar döwlet ýeke-täk kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýet, döwlet edaralarynyň ýeke-täk ulgamy we ýeke-täk konstitusiýa hereket edýär.

Federasiýa – latyn sözi bolup «birleşik» diýmegi aňladyp, birnäçe döwletleriň bellibir syýasy özbaşdaklyga eýe bolup, bir döwlete birleşmegine aýdylýar.

Federasiýanyň unitar döwletden häsiýetli aýratynlyklary aşakdakylardan ybaratdyr:

– federasiýasynyň düzümi birnäçe territoriýalardan ybarat bolup, ol dürli ýurtlarda dürli atlandyrylýar. Mysal üçin, Awstraliýada, Braziliýada, Meksikada, Wenesuelada, Hindistanda, ABŞ-da – ştatlar, Argentinada, Kanadada – prowinsiýa, Şweýsariýada – kontonlar, GFR-de, Awstriýada – ýerler diýlip atlandyrylýar.
– federasiýanyň subýektleri öz konstitusiýasyny kabul etmäge hukuklydyr.

- konstitusiýalaryň arasyndaky tapawut soýuz konstitusiýasy arkaly sazlanylýar.
- federasiýanyň her bir subýekti özbaşdak hukuk we kazyýet ulgamyny döretmäge hukuklydyr:
- federasiýalaryň köpüsinde ýeke-täk soýuz raýatlygy we soýuz birlikleriň raýatlygy hereket edýär. Federasiýada, adatça, ýeke-täk ýaragly güýçler, umumy federal býujet bolýar. Federasiýanyň parlamentinde federal birligiň bähbidini goraýan wekili hem bolýar.

Käbir federasiýalarda umumy federal edaralaryň orny örän ýokary bolup, mazmun taýdan unitar döwlete golaýdyr. Argentinanyň, Kanadanyň, ABŞ-nyň, GFR-iň, Şwesiýanyň konstitusiýasy agzalaryň federasiýasynyň düzüminden çykmagyna ýol bermeýär.

Federasiýa territorial we milli aýratynlyklardan ybarat bolup, döwlet gurluşynyň düzümi häsiýetlendirilýär.

Dünýäniň syýasy kartasynda 21 sany federatiw döwlet bar. Russiýa, Awstriýa respublikasy, Belgiýa patyşalygy, Germaniýa Federatiw Respublikasy, Şweýsar konfederasiýasy, Hindistan Respublikasy, Malaýziýa, Mýanma Soýuzy, Birleşen Arap Emirlikleri, Pakistan Yslam Respublikasy, Kanor adalarynyň Federatiw Yslam Respublikasy, Nigeriýa Federatiw Respublikasy, Günorta Afrika Respublikasy, Braziliýa Federatiw Respublikasy, Wenesuela respublikasy, Kanada, Meksikanyň Birleşen Ştatlary, Amerikanyň Birleşen Ştatlary federatiw döwletlerdir.

1991-nji ýyl bilen deňeşdireniňde Ýugoslawiýanyň dargamagy bilen federatiw döwletleriň biri azaldy.

Şeýle hem GDA-nyň Ukraina, Gruziýa, Özbegistan, Azerbaýjan we Täjigistan ýaly ýurtlary käbir federatiw alamatlara eýedir.

Konfederasiýa – özbaşdak döwletleriň wagtlaýyn soýuzy bolup, agza döwletleriň hemmesiniň bähbidini göz öňünde tutýar. Konfederasiýa agza döwletleriň içeri we daşary işlerde doly özbaşdaklygy saklaýarlar.

Konfederatiw döwletler uzak möhletli däldir. Olar ýa dargaýarlar ýa-da federasiýa birleşýärler. Dargan konfederasiýa Awstro-Wengriýa degişlidir. ABŞ hem konfederasiýa bolup, 1781-nji ýylda federal ştatlar döredildi we 1787-nji ýylda ýurduň konstitusiýasynda berkidildi.

Döwlet düzgüni häkimiýetiň döwleti dolandyrmakdaky usullarynyň we ugurlarynyň jemidir. Döwlet düzgüni jemgyýetdäki syýasy düzgüniň möhüm düzüm bölegidir. Döwlet düzgüni demokratiýa we antidemokratiýa (totalitar, awtoritar, rasist, jynsparaz we ş.m.) görnüşlere bölünýär.

## 3.6. Dünýä döwletleriniň görnüşleri (tipleri)

Dünýä döwletleriniň ulgamy olaryň aýratynlyklary, meňzeşlikleri, tapawutlary esasynda kesgitlenýär. Bu häsiýetli alamatlar bir-birine meňzeş, umumy bolsa-da, olar hil taýdan tapawutlydyr. Şol tapawutly aýratynlyk bolsa döwletleriň görnüşlerini emele getirýär. Görnüşleriň esasy aýratynlygy bolup, eýeçiligiň görnüşi we sosial-ykdysady ösüşiň derejesi çykyş edýär. Dünýäniň häzirki zaman syýasy kartasynda 230 töweregi ýurtlar we territoriýalar bolup, olaryň 193-si özbaşdak döwletlerdir. Olaryň içinde örän uly meýdana we ilat sanyna eýe (Russiýa, Hytaý, Hindistan, ABŞ) we örän ownuk (Andorra, Monako, Watikan, Lihtenşteýn, San-Marino) ýaly döwletler hem bar. Bularyň içinde bir milletli (Ýaponiýa, Şwesiýa), köp milletli döwletler (ABŞ, Hindistan, Nigeriýa) ýurtlar bar. Şeýle hem tebigy baýlyklara garyp we baý döwletlere hem bölünýär. Olaryň içinde açyk deňze göni çykalgasy bar bolan we hiç hili çykalgasy bolmadyk döwletlerde bar. Käbir döwletler tutuş kontinenti eýeleýär (Awstraliýa), käbir döwletler bolsa birnäçe ownuk adalardan (Nauru, Kabo-Werde) ybaratdyr.

Dünýä döwletleriniň umumylyklary, meňzeşlikleri bilen bir hatarda gaýtalanmajak aýratynlyklary-da bardyr. Belli-belli döwletleriň görnüşi haýsy hem bolsa bir döwletiň nusgasyny tutuşlygyna diýen ýaly göçürip alýarlar. Käbirleri bolsa düýpli aýratynlyga eýe. Döwlet görnüşi taryhy, dürli ýagdaýlarda ösüşiň dürli şertlerinde emele gelýär.

Her bir döwletiň aýratynlygyny görkezmek, ony özbaşyna bir topar hökmünde görkezmek örän köp statistiki maglumatlary talap edýär. Şonuň üçin döwlet görnüşlerini meňzeşlikleri boýunça umumylaşdyrylan toparlara bölýärler.

Dünýä döwletleriniň görňüşleri köp sanlydyr. Olar ykdysady, sosial, taryhy, syýasy görkezijiler boýunça kesgitlenilýär. Mysal üçin, bazar ykdysadyýetiniň ösüş derejesi, jemi içerki önümiň (JIÖ) adam başyna düşüşi, jemi milli girdejiniň (JMG) adam başyna düşüşi, ýaşaýşyň hili we ş.m.

Döwletleri dürli görnüşlere bölmek ylmy we amaly ähmiýete eýedir. Mysal üçin, BMG döwletleri dürli görnüşlere bölmek arkaly maliýe, ynsanperwer kömekleriň kime berilmelidigini kesgitleýär.

Döwletleri meňzeşlikleri boýunça toparlara bölmegiň birnäçe görnüsleri bar. Olaryň ilkinjisine adaty görnüş diýilýär. Adaty görnüş üç sany topardan, ykdysady taýdan ösen kapitalistik ýurtlardan, ösüp gelýän we sosialistik döwletlerden ybaratdyr. Soňky ýigrimi ýyldan bäri sosialistik döwletler «ykdysadyýeti geçiş häsiýetli ýurtlar»

diýip atlandyrylýar. Sebäbi ozalky SSSR-iň dargamagy bilen sosializm ulgam hökmünde ýitip gitdi. Häzirki wagtda ozalky sosialistik döwletler hususy eýeçilige geçýärler. Şonuň üçin olara «geçiş häsiýetli» ýurtlar diýilýär. Ýöne entegem sosializm gurmagy dowam edýän döwletler hem bar. Olara Hytaý, Koreýa Halk Demokratik Respublikasy, Wýetnam, Laos, Kamboja, Kuba degişlidir. Emma soňky ýyllarda ykdysadyýetde geçirilýän düzümleýin özgerişlere laýyklykda bu ýurtlar hem makroderejede hususy eýeçilige ýykgyn edip başladylar.

**«Ykdysadyýeti geçiş häsiýetli»** ýurtlar diýlen düşünjäniň hem ähmiýeti peselýär. Sebäbi ozalky sosialistik döwletler hususylaşdyrmagyň «şokoterapiýa» usulyny saýlap aldylar. Olar häzirki wagtda döwlet emläginiň köpüsini hususylaşdyrdylar. Hususylaşdyrmagyň derejesi boýunça olar ozaldan gelýän kapitalistik döwletler bilen deňleşdiler. Käbir döwletler bolsa bazar ykdysadyýetine geçmegiň tapgyrlaýyn ýoluny saýlap aldylar (Özbegistan, Belarus). Emma olaryň dünýä hojalygyndaky paýy ujypsyzdyr. Häzirki zaman dünýä ykdysadyýeti bir ulgamly hojalykdyr. Şonuň üçin adaty görnüşi üçe däl-de, iki topara, ýagny ykdysady taýdan ösen we ösüp gelýän döwletler diýip iki topara bölmek bolar. Ykdysadyýeti geçiş häsiýetli ýurtlary bolsa sosial-ykdysady derejesi boýunça ösüp gelýän döwletlere goşmak bolar.

Döwletleri ösen we ösüp gelýän ykdysadyýetli diýip bölmek çylşyrymly meseledir. Mysal üçin, Hindistanyň, Braziliýanyň JIÖ Lýuksemburgyň JIÖ-den uly hem bolsa, Lýuksemburg ösen, ol ikisi bolsa ösüp gelýän ykdysadyýete degişlidir.

Döwletleriň ösüp gelýän görnüşlere bölünmeginiň birinji häsiýetli aýratynlygy onuň kolonial geçmişi bilen baglanyşyklydyr. Hakykatdan-da, ösüp gelýän döwletleriň hemmesi diýen ýaly ozalky koloniýalardyr. Olar taryhyň dürli döwürlerinde garaşsyzlygyny gazandylar. Latyn Amerikasy ýurtlarynyň köpüsi XIX asyryň başlarynda, Aziýa, Afrika, Ummanystan ýurtlarynda garaşsyzlyk ugrundaky hereket Ikinji jahan urşundan soň başlady. Garaşsyzlyk ugrundaky hereketler häzir hem dowam edýär. Käbir döwletler formal taýdan garaşsyz bolsalar-da, ösen döwletlere baglylygy ýokarydyr (Owganystan, Liberiýa). Umuman alanyňda, ösüp gelýän ýurtlaryň hemmesi diýen ýaly ozalky koloniýalar, ösen döwletler bolsa ozalky basybalyjy ýurtlardyr.

Ösüp gelýän döwletleriň ikinji alamaty ykdysadyýetleriniň halkara zähmet bölünişigine gatnaşyş derejesidir. Bu ýurtlaryň daşarky bergileriniň köplügi, daşary ýurtlaryň TMK-laryna baglylygy, ykdysadyýetiň esasan gazyp alyjy, oba hojalygyna ýöriteleşmegi ýokarydyr.

Ösüp gelýän ýurtlaryň indiki alamaty JIÖ-niň, JMG-niň adam başyna

düşüşiniň pesligidir. Mysal üçin, bu görkeziji Lihtenşteýnde 121 100, Lýuksemburgda 81 800 dollara deň bolsa, Liberiýada 500-e, Zimbabwede 400-e, Kongodo 300 amerikan dollaryna barabardyr. Ýöne ösüp gelýän ýurtlaryň içinde hem JIÖ-niň yokary görkezijisine eýe bolan döwletler hem bar. Olara, esasan, nebit eksport edýän we syýahatçylygyň ösen döwletleri degişlidir. Mysal üçin, bu görkeziji Katarda 145 300-e, Bermudlarda 69 900-e, Kuweýtde 51 700 dollara deňdir. Ýöne bu döwletleriň ykdysadyýetleriniň diňe bir ugra gönükdirilmegi häsiýetlidir.

Indiki görkeziji ykdysadyýetiň köp ukladlylygydyr. Ösüp gelýän ýurtlarda häzirki zamana mahsus önümçilikler bilen bir hatarda gadymy senetçilik hem ösendir. Hindistanyň, Pakistanyň, Hytaýyň JIÖ-de gol zähmetini köp talap edýän gadymy senetçilik uly orun tutýar. Döwlet iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak maksady bilen, gadymy senetçiligi goldaýar. Emma ösen döwletlerde gadymy el senetçiligi geçmişde galyp, senagat we oba hojalyk häzirki zaman tehnikasyna we tehnologiýasyna esaslanýar.

Ondan başga-da senagat önüminiň möçberiniň azlygy, sowatsyzlyk, ýokary bilimlileriň sanynyň azlygy, adam ömrüniň ortaça dowamlylygynyň pesligi, düýpli ylymlaryň ösüşi ýaly, görkezijiler hem ulanylýar.

Umuman, alymlaryň arasynda dünýä döwletlerini görnüşlere bölmegiň, esasan, iki sany meýli hereket edýär. Birinji meýildäki bilermenler dünýä döwletlerini umumylyklary boýunça 13 sany görnüşe bölýärler. Ol görnüşlere aşakdakylar degişlidir.

1. Birinji görnüşe dünýäniň ýeke-täk has güýçli ýurdy bolan ABŞ degişli. Onuň JIÖ-i DJÖ-niň 25 göterime golaýyny tutýar. Islendik görkeziji boýunça alanyňda bu ýurt dünýäde birinji ýa-da ilkinjileriň hatarynda durýar.
2. **Esasy kapitalistik döwletler** – olara Ýaponiýa, Germaniýa, Fransiýa, Angliýa, Italiýa degişlidir. Olar ägirt uly ylmy-tehniki üpjünçilige eýe bolup, dünýä ykdysadyýetinde we syýasatynda uly orun tutýarlar. Bu döwletleriň görkezijileri köplenç ABŞ-nyň yzyndan gelýär.
3. **Kapitalyň göçüp barýan döwletleri** – Kanada, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, GAR degişlidir. Bu döwletler ozalky koloniýalar bolup, basylyp alnandan bäri bazar gatnaşyklaryna geçip başladylar. Olar ägirt uly territorial we tebigy baýlyklara eýedirler. Ykdysadyýetleriniň görnüşi boýunça olar ösüp gelýän ýurtlar hasaplansa-da, senagat önüminiň ösüşi, JIÖ-niň, JMG-niň adam başyna düşüşiniň ýokarylygy bilen tapawutlanýar.

4. **Günbatar Ýewropanyň ykdysadyýeti ýokary derejede ösen uly bolmadyk döwletleri** – Şweýsariýa, Belgiýa, Awstriýa, Niderlandlar, Lýuksemburg, Şwesiýa, Norwegiýa, Daniýa degişlidir. Işçi güýjüniň ýetmezçilik edýändigine garamazdan, ykdysadyýetleri ýokary görkezijilere eýedir. Bu döwletleriň esasy häsiýetli aýratynlyklary bolup «jemgyýetiň ählumumy eşretiniň» hatyrasyna örän netijeli sosial syýasaty ýöredýärler. Halkyň durmuş-ykdysady taýdan goraglylygy boýunça olar hemişe dünýä boýunça öňdäki hatardadyr.
5. **Ownuk kapitalistik döwletler** – Andorra, Monako, Lihtenşteýn. Olar mono düzümli ykdysadyýetlere eýe bolup, JMG-niň adam başyna düşüşiniň ýokary görkezijisi bilen tapawutlanýarlar.
6. **Ösüşden yza galan döwletler** – Ispaniýa, Portugaliýa, Gresiýa, Irlandiýa. Olaryň görkezijileri köplenç ösüp gelýän döwletleriňki bilen gabat gelýär. Soňky wagtlarda Ispaniýa JIÖ-niň möçberi we ösüşi boýunça Ýewropanyň iri ykdysadyýetli döwletleriniň birine öwrülmegi başardy.
7. **Orta derejede ösen, iki häsiýetli ykdysadyýete eýe bolan ýurtlar** – Braziliýa, Hindistan, Meksika, soňky ýyllarda Argentina, Türkiýe, Pakistan degişlidir. Olar JIÖ-niň möçberi, ösüşi, ilatynyň sany, territoriýasynyň ulylygy, tebigy baýlygy boýunça dünýä hojalygynda ähmiýetli orunlara eýedir. Bu döwletlerde häzirki zamanyň tehnikasy we tehnologiýasy ösdürilýär. Olar uly ylmy-tehniki ösüşlere hem eýedirler. Emma JIÖ-niň adam başyna düşüşi boýunça olar yzdaky orunlary eýeleýärler.
8. **Gündogar Aziýanyň orta derejede ösen ýurtlary** – Koreýa, Singapur, Taýwan, Malaýziýa. Bu döwletler tebigy-geografiki taýdan amatly ýerleşmek bilen, arzan we ýokary hünär taýýarlykly işçi güýjüne eýedir. Daşary ýurt maýasy üçin amatly şertleri döretmek bilen, ykdysadyýetleriniň durnukly ösüşe eýe bolmagyny gazandylar. Koreýa bolsa köp görkezijiler boýunça ösen döwletler bilen deňleşip barýar. Meselem, bu ýurt hojalyk maksatly gämileri öndürmek boýunça dünýäde birinji orunda durýar.
9. **Öýleri kireýine beriji ownuk döwletler.** Olar, esasan, ada döwletleri bolup, syýahatçylygyň, bank işiniň, tä-

jirçiliginiň, gämi bilen ýük çekmegiň ösen ýurtlarydyr. Olara Bagam, Bermud, Panama, Mawrikiý, Barbados we ş.m. degişlidir.

10. **Galp ykdysadyýetli döwletler** – nebiti eksport edýän Saud Arabystany, BAE, Pars aýlagyndaky ýurtlar degişlidir. Olaryň ykdysadyýeti diňe bir pudaga, ýagny nebiti eksport etmäge gönükdirilendir. Bu döwletlerde JIÖ-niň adam başyna düşüşi ýokary bolup, ilatyň durmuş-ýaşaýyş derejesi boýunça ösen döwletler bilen bäsleşip bilýärler. Ýöne olaryň býujetleri, sosial syýasatlary nebit gorlaryna we nebitiň eksportyna bagly bolup durýar.

11. **Deňeşdirilende ösen döwletler** – Liwan, Kipr, Kosta-Rika, Urugwaý, Çili degişlidir. Olaryň görkezijileri pes derejede ösen ýurtlar bilen deňeşdirilende ýokarydyr.

12. **Pes derejede ösen döwletler** – ösüp gelýän ýurtlaryň köpüsi şu topara degişlidir. Ykdysady görkezijiler bu ýurtlarda örän pesdir. Olary aýratynlyklary boýunça birnäçe toparçalara bölýärler:

a) nebiti eksport edýän, ýöne halkyň durmuş-medeni ýagdaýy pes ýurtlar hasap edýärler: Olara Yrak, Eýran, Nigeriýa, Gabon, Alžir, Indoneziýa, Liwiýa degişlidir;

b) mineral çig mallary eksport edýän Zambiýa, Kongo, Marokko, Ýamaýka ýaly ýigrimi töweregi ýurtlar degişli;

ç) plantasiýa ýurtlary. Olaryň oba hojalygy iki görnüşli bolup, ownuk haryt daýhan hojalygy we eksporta gönükdirilen oba hojalyk önümlerini öndürijiler degişlidir. Plantasiýada öndürilýän oba hojalyk önümlerini öndürijilere Tanzaniýa, Keniýa, Uganda, Sudan, Bangladeş, Gwatemala degişlidir.

13. **Garyp döwletler.** Bu döwletlerde JIÖ-niň adam başyna düşüşiniň iň pes derejesi hasaba alnandyr. JIÖ-niň adam başyna düşüşi 260 dollardan pes bolsa, garyp ýurt hasaplanylýar. Olar dünýä döwletleriniň ynsanperwer kömeklerine hemişe mätäçlik çekýärler. Olaryň garyp ýurt bolmagyna birnäçe ýagdaýlar täsir edýär. Mysal üçin, Efiopiýanyň ösüşden hemmetaraplaýyn yza galmagy, Çad, Mali, Nigeriň tebigy şertleriniň amatsyz bolmagy, Gaitiniň, Mozambigiň, Somaliniň, Owganystanyň içerki durnuksyzlyklary degişlidir.

Ýurtlary umumylyklary boýunça görnüşlere bölmegiň beýleki mekdebiň

wekilleri dünýä döwletlerini üç sany topara we olary hem öz gezeginde birnäçe toparçalara bölýärler.

***Birinji topar: ykdysadyýeti ýokary derejede ösen döwletler. Bu döwletleri hem üç topara bölýärler.***

1. **Esasy kapitalistik döwletler:** ABŞ, Ýaponiýa, GFR, Fransiýa, Angliýa, Italiýa, Kanada. Olara başgaça ösen 7-lik döwletleri hem diýilýär.
2. **Günbatar Ýewropanyň ykdysadyýeti ýokary derejede ösen uly bolmadyk ýurtlary:** Şweýsariýa, Awstriýa, Belgiýa, Niderlandlar, Şwesiýa, Daniýa, Norwegiýa.
3. **Kapitalizmiň «göçüp barýan ýurtlary»:** Awstraliýa, Täze Zelandiýa, GAR, Ysraýyl.

***Ikinji topar: orta derejede ösen döwletler. Bu topary iki sany toparça bölýärler.***

1. **Ösüşiň orta derejesinden geçen ýurtlar:** Irlandiýa we Finlýandiýa.
2. **Ösüşden yza galan ýurtlar:** Gresiýa, Portugaliýa, Ispaniýa.

***Üçünji topar: ykdysady taýdan pes derejede ösen (ösüp gelýän) ýurtlar. Bu topara dünýäniň köp döwletleri girip, olary dürli toparçalara bölýärler.***

1. **Esasy döwletler:** Braziliýa, Hindistan, Meksika. Olar köpugurly ykdysadyýete, ägirt uly tebigy, ylmy-tehniki, adam resurslaryna eýedir.
2. **Kapitalistik ösüş ýoluna düşen döwletler:** bu topar biri-birine meňzeş bolmadyk köp sanly döwletleri özünde jemleýär. Şonuň üçin olary öz gezeginde ýene-de birnäçe toparçalara bölýärler.

a) **kapitalizmiň irki göçüp baran ýurtlary.** Oňa Argentina, Urugwaý degişlidir. Olar esasan agrar hojalyga ýöriteleşmek bilen, ýokary durmuş-medeni ýagdaýy ösdürýän ýurtlardyr.

b) **iri anklaw döwletler:** Wenesuela, Çili, Eýran, Yrak, Alžir. Bu döwletleriň tebigy baýlyklary esasan daşary ýurtly maýadarlar tarapyndan özleşdirilip, ol eksporta niýetlenendir.

ç) **importy çalyşýan, eksporta nazarlanan döwletler:** Boliwiýa, Kolumbiýa, Peru, Paragwaý, Ekwador, Malaýziýa, Siriýa, Taýwan, Tailand, Koreýa, Türkiýe, Filippinler, Müsür, Marokko, Tunis.

d) **plantasion hojalykly uly bolmadyk döwletler:** esasan, oba hojalygyna ýöriteleşip, olara Nikaragua, Gwatemala, Kosta-Rika, Gonduras, Salwa-

dor, Dominikan Respublikasy, Gaiti degişlidir.

e) **konsession ösüşli döwletler:** Ýamaýka, Trinidad we Tobago, Surinam, Gabon, Botswana. Olarda esasan dag-magdan senagatynyň çig mallary gazylyp alynýar. Olaryň ykdysadyýeti daşarky bazaryň ýagdaýyna düýpli baglydyr.

ä) **«kireýine öý berijiler».** Olara adalarda ýerleşen, amatly tebigy geografiki şertleri bolan, syýahatçylygyň ösen döwletleri bolan Bagam, Bermud, Bahreýn, Singapur, Panama we ş.m. degişlidir.

f) **täze garaşsyz döwletler:** onuň düzümine altmyşdan gowrak döwlet girýär. Olaryň ykdysady, syýasy ýagdaýy köp halatda daşarky şertlere baglydyr. Onuň düzüminde iri ýurtlar bolan Pakistan, Bangladeş, Nigeriýa hem bar. Geçiş häsiýetli ýurtlar hem şu toparça degişlidir.

**2. Nebiti eksport edýän döwletler:** Saud Arabystany, BAE, Kuweýt, Katar, Liwiýa, Bruneý degişlidir.

BMG ýurtlary «adam ösüşiniň indeksi» diýen görkeziji boýunça toparlara bölýär. Bu görkeziji üç sany düzümden ybarat:

1) adam ömrüniň ortaça dowamlylygy;
2) bilim berlişiniň derejesi we ilatyň hakyky girdejileri;
3) 15 ýaşa çenli ilatyň sowatlylyk derejesi (%-de) we bilim berlişiniň dowamlylygy.

Şu görkeziji boýunça BMG-niň hünärmenleri dünýä döwletlerini üç topara bölýärler: 1) adam mümkinçiliginiň ýokary derejede ösen ýurtlary; 2) adam mümkinçiliginiň ortaça ösen ýurtlary; 3) adam mümkinçiliginiň pes ösen ýurtlary. Umuman, bu görkeziji boýunça hem alanyňda ösen döwletler öňdäki hatarlary eýeleýär.

Umuman, BMG, HPG, BB dünýä döwletlerini iri üç topara bölýärler:

1) senagat taýdan ösen döwletler;
2) geçiş häsiýetli döwletler;
3) ösüp gelýän döwletler.

Ondan başga-da Demirgazyk we Günorta diýen düşünje hem bar. Günorta ösüp gelýän, Demirgazyk bolsa ösen döwletleri aňladýar. Şeýle hem «merkez», «çet-gyra», «ýarym çet-gyra» diýen düşünjeler hem ulanylýar. Merkezi topara Günbataryň ösen döwletleri, ýarym çet gyra-topara geçiş häsiýetli, çet-gyra bolsa yzagalak döwletler degişlidir.

# IV BAP
# MILLI WE HALKARA STATISTIKA

## 4.1. BMG-niň statistiki neşirýat ulgamy

Häzirki zamanyň ösen maglumat ulgamy dünýä hojalygynyň ösüşi barada köp görnüşli maglumatlary almaga mümkinçilik berýär. Dünýä hojalygynyň ösüşi baradaky berilýän maglumatlary şertli iki bölege: san maglumatlaryna we seljerme synlaryna bölmek bolar. Seljerme synlary, düzgün bolşy ýaly, statistiki maglumatlaryň esasynda döwletleriň, sebitleriň we tutuş dünýä ykdysadyýetiniň häzirki we geljekdäki ösüş meýlini çaklaýar.

Köp sanly statistik çeşmeleriň arasynda halkara guramalarynyň we milli statistik edaralaryň maglumatlary möhüm ähmiýete eýedir. Halkara guramalarynyň neşirleri döwletleriň sanyna, geçirilýän barlagyň ugruna baglylykda maglumatlary ýygnaýarlar.

BMG ähli ýurtlar üçin öz düzen tertibine laýyklykda umumylaşdyrylan maglumatlary çap edýär. Şonuň üçin halkara statistikasynyň maglumatlaryny BMG-niň we beýleki halkara guramalarynyň neşirleri diýip şertli iki topara bölýärler.

BMG-niň statistik neşirýat ulgamy dünýä döwletleriniň köpüsiniň sosial-ykdysady ösüşi baradaky maglumatlary özünde jemleýär. Olar hem öz gezeginde köp ugurly (uniwersal), pudaklaýyn we sebitleýin neşirlere bölünýär.

BMG-niň uniwersal neşirler ulgamy dünýäniň ähli sebitleriniň sosial-ykdysady meselelerini häsiýetlendirýär. Olara BMG-niň «Ýyllyk statistika» (statistical Ýearbook) onuň gysgaldylan görnüşine «Dünýä statistikasynyň jübi habarnamasy» (World statistics Pocketbook) we «Her aýlyk statistik býulleten» (Monthly Bulletin of statistics), Bütindünýä banky tarapyndan «Dünýäniň ösüşi barada hasabat» (World Development Report) we «Dünýä ykdysadyýetiniň görkezijileri» (World Development Indikators), şeýle hem ÝNKTAD tarapyndan «Dünýä maýa goýumlary barada hasabat» (World Investment Report) ýaly neşirler degişlidir.

«Ýyllyk statistika» dünýäniň ilatyny, sosial ulgamy, hojalyk işiniň dürli görnüşlerini, halkara ykdysady gatnaşyklaryny özünde jemleýär. Bu neşirde döwletleriň halkara söwdasy, töleg balansy we maliýe ýagdaýy aýratyn orun tutýar.

«Aýlyk statistik býulleten» dünýäniň demografiki, sosial we ykdysady maglumatlaryny özünde jemleýär. Hususan-da, ilatyň sany we zähmet bazary; senagat we oba hojalyk

önümçiliginiň görkezijilerini; nebitiň, gazyň, kömrüň, gara we reňkli metallaryň öndürilişiniň möçberlerini we beýleki maglumatlaryň, gazylyp alnyş möçberini; döwletlerde öndürilýän metalyň, matanyň, kagyzyň, reziniň, tehniki önümleriň, gurluşyk materiallaryň, elektrik energiýanyň, ulag serişdeleriniň; dürli döwletlerde senagat we sarp ediş; harytlaryň nyrhlaryny; döwletleriň we sebitleriň halkara söwdasyny; walýuta kursuny, walýuta ätiýaçlygy ýaly görkezijileri neşir edýär. Bu býulletende sekiz ýylyň maglumatlary soňky iki ýylyň maglumatlary bilen çärýekleýin we aýlyk maglumatlary deňeşdirilýär. Neşir beýlekilere garanyňda aýlyk we çärýekleýin maglumatlary çalt çap edýänligi bilen tapawutlanýar.

«Dünýäniň ösüşi barada hasabat» dünýä ykdysadyýetiniň sosial-ykdysady ösüşiniň, hojalyklaryň ösüş meýilleriniň has derwaýys meseleleri baradaky seljerme neşiridir. Mysal üçin, «Dünýäniň ösüşi barada hasabat – 2005» atly hasabatda esasan dünýä ýurtlarynda maýa goýum şertleri we ony gowulandyrmagyň ýollary gözlenilýär. Neşir taýýarlananda pesinden 200-den gowrak döwletiň esasy sosial-ykdysady görkezijileri, kärhanalaryň giňişleýin, hakyky maglumatlaryndan peýdalanylýar.

«Dünýäniň ösüşiniň görkezijileri» BB tarapyndan dünýäniň ösüşi baradaky statistik maglumatlary (ilat, ykdysadyýet, tehnologiýanyň we infrastrukturanyň ösüşi, söwda we maliýe, daşky sreda) tablisa görnüşinde neşir edilýär. Bu habarnama tutus dünýä boýunça 208 döwlet, 6 sany sebit, şol sanda Ýewropa Soýuzy (ÝS) barada 500-den gowrak statistik görkezijileri özünde jemleýär.

«Dünýä maýa goýumlary barada hasabatda» dünýäniň maýa goýumlaryna syn berilýär. Neşirde maýa goýumlaryň ösüş hereketine, geografiýasyna, pudaklaýyn paýlanyşyna, maliýe bazarlaryna täsir edýän faktorlar, göni maýa goýumlaryň umumy möçberi, aýry-aýry maýa goýum taslamalaryň maliýeleşdirilişi görkezilýär.

**BMG-niň pudaklaýyn neşir ulgamy.** Maliýe we senagat, oba hojalyk we ulag, demografiýa we daşary söwda ýaly birnäçe meseleler statistik neşirleriň esasy öwrenýän ugurlarydyr. Şu nukdaýnazardan Halkara pul gaznasy (HPG) birnäçe neşirleri çap edýär.

«Ýyllyk halkara maliýe statistikasy» (International Financial Statistics Yearbook). Bu neşir HPG agza döwletleriň soňky sekiz ýylyň dowamyndaky içerki we daşarky maliýe ýagdaýyny umumylaşdyryp çap edýär. Ol maglumatlara milli walýutanyň alyş-çalyş kursy, halkara maliýe talaplary, döwletiň halkara maliýe borçnamalaryny ýerine ýetirişi, pul aýlanyşygy, bank goýumlary, göterim derejesi, altyn ätiýaçlygy ýaly görkezijiler degişlidir.

«Halkara maliýe statistikasy» (International Financial statistics) – her

aýlyk neşir bolup, HPG agza ýurtlaryň gündelik içerki we halkara maliýe ýagdaýlarynyň maglumatlaryny özünde jemleýär. «Dünýä ykdysadyýetiniň geljegi» (World Economic Outlook) – giňişleýin statistik çeşmelerden ybarat bolup, HPG-niň hünärmenleri tarapyndan döwletleriň we sebitleriň soňky 2 ýyllyk ykdysady, maliýe ýagdaýlaryny, şeýle hem dünýä hojalygynyň öňündäki 2 ýyldaky ösüşine çaklaýan seljerme synydyr.

«Global maliýe durnuklylygynyň ýagdaýy barada hasabat» (Global Financial Stability Report) – maliýe bazarlarynyň soňky 2 ýyldaky ýagdaýy beýan edilýär. Aýratyn-da maliýe bazarlarynyň täze emele gelýän ýerlerine aýratyn seljerme berýär. Hasabatda aýry-aýry döwletleriň maliýe bazaryny pugtalandyrmak baradaky syýasatlaryna, töwekgelçiligiň derejesine baha berilýär.

**BMG-niň sebitleýin neşir ulgamy.** Bu neşirler BMG-niň sebitler boýunça komissiýalary tarapyndan dünýä habarnamasyndan döwletler boýunça has anyk, anyklaşdyrylan maglumatlara esaslanýar. Sebitleýin neşirler haýsy hem bolsa bir mesele ýa-da pudak boýunça giňişleýin maglumatlary özünde jemleýär. Käbir ýagdaýlarda neşire sebit boýunça umumy meseleler goşulan bolsa, onda oňa ilatyň sany, zähmet bazary pudaklaryň we önümçilikleriň ösüşi, ykdysady we maliýe ýagdaýy we başga-da birnäçe görkezijiler goşulýar. Mysal üçin, «Aziýa we Ýuwaş umman döwletleri üçin ýyllyk statistika» (Statistical Ýearbook for Asia and the Pacific) neşiri degişlidir.

Köp ugurly sebitleýin neşirler aýry-aýry pudaklar boýunça hem goýberilýär. Şeýle neşirler aýratyn-da Ýewropada köp çap edilýär. Mysal üçin, «Ýewropa ulag statistikasynyň ýyllyk býulleteni» (Annual Bulletion of Transport Statisticsfor Europe) – bu býulletende demir ýol, deňiz-derýa, awtomobil, howa ulaglary barada giňişleýin maglumat berilýär.

## 4.2. Beýleki halkara guramalarynyň statistik neşirleri

BMG-den başga beýleki halkara guramalar hem sosial-ykdysady meselelere degişli birnäçe maglumatlary ýygnaýarlar. Halkara guramalarynyň maglumatlarynyň sebitleýin we pudaklaýyn häsiýete eýedigi aýratyn bellenilmelidir. Olara Bütindünýa söwda guramasynyň (BSG), Ykdysady hyz-

matdaşlyk we ösüş guramasynyň (YHÖG), Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň (GDA) neşirleri degişlidir.

BSG her ýylda «Halkara söwda statistikasy» (International Trade Statistics) atly neşiri çap edýär. Ýygyndyda harytlaryň we hyzmatlaryň dünýä söwdasynyň ösüşine, onuň häzirki ýagdaýyna, geljekdäki meýline seljerme berilýär. Bu statistik ýygyndyda dünýä söwdasy birnäçe toparlara bölünýär. Mysal üçin, sebitler, aýry-aýry döwletler, belli-belli harytlar, iri eksport ýa-da import edijiler we ş.m. Bu görkezijiler BSG-niň hünärmenleri tarapyndan taýýarlanyp, seljerme bermek häsiýete eýedir.

YHÖG-iň statistik gullugy maglumatlaryň köp sanly we köp ugurly görnüşini ýyllyk, çärýekleýin, aýlyk esasda çap edýär. Ol maglumatlar özüniň ygtybarlylygy we çaltlygy bilen tapawutlanýar. Ýygyndyda köp sanly diagrammalar, grafikler, shemalar, tablisalar getirilip, olar maglumatlara düşünmegi ýeňilleşdirýär.

YHÖG-iň statistik neşirleriniň arasynda «Esasy ykdysady görkezijiler» (Main Economic Indikators) atly ýygyndy aýratyn orun tutýar. Bu ýygyndy gysga möhletli maglumatlardan ybarat bolup, dünýä döwletleriniň ykdysadyýetiniň ýagdaýyny we hereketini häsiýetlendirýär. Hususan-da milli hasaplamalar ulgamy boýunça getirilýän görkezijiler, ýagny senagat önümçiligi we gurluşy, içerki we daşarky söwda, zähmet bazary; nyrhlar we göterimiň derejesi; pul aýlanyşygy; töleg balansy we ş.m. görkezijiler uly orun tutýar. Ýygyndydaky maglumatlar umumy we döwletler boýunça tablisa görnüşine getirilip, soňky 5 ýylyň görkezijilerini özünde jemleýär.

YHÖG-niň ýygyndylary pudaklaýyn we şol pudagyň dünýä boýun-

*1-nji tablisa*

**Halkara statistikasy baradaky Internet maglumatlaryny aşakdaky saýtlardan tapmak bolar**

| Saýtyň ady | Guramanyň ady |
|---|---|
| http://www.org | Birleşen Milletler Guramasy |
| http://www.imf.org | Halkara pul gaznasy |
| http://www.world bank.org;<br>http://econ.world bank.org | Bütindünýä banky |
| http://www.unictad.org | BMG-niň söwda we ösüş boýunça konferensiýasy |
| http://www.wto.org | Bütindünýä söwda guramasy |
| http://www.oecd.org | Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy |
| http://www.cis.minsk.by | Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy |

ça ösüşi, onuň dünýä söwdasy hem çap edilýär. Şeýle neşirleriň biri hem YHÖG ýurtlarynyň oba hojalyk statistikasydyr (OECD Agri kultural statistics). GDA-nyň «Döwletara statistika komiteti» arkalaşyga girýän döwletleriň ykdysady, sosial, özara söwdany ösdürmek, işçi güýjüniň halkara hereketini kadalaşdyrmak, özara maýa goýum işi we başga-da birnäçe meselelere degişli maglumatlary özünde jemleýär. Bu maglumatlaryň agramly bölegi her ýyl çap edilýär. «Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy» we onuň gysgaldylan görnüşi bolan «Garaşsyz Döwletleriň Arkalyşygy gysgaça habarnama» atly neşirlerde ýerleşdirilýär. Ýygyndylarda GDA girýän döwletleriň makroykdysady görkezijileri, aýry--aýry pudaklarynyň ösüşi, senagat we sarp ediş harytlarynyň esasy görnüşleriniň öndürilişi, daşary ykdysady gatnaşyklary, şeýle-de sosial ýagdaýy baradaky maglumatlar getirilýär.

## 4.3. Türkmenistanyň statistik neşirleri

Häzirki zaman dünýäsinde statistiki maglumatlary ýygnamak, jemlemek, gaýtadan işlemek, çap etmek milli statistiki gulluklaryň işidir. Ýurdumyzda bu iş «Türkmenistanyň statistika baradaky döwlet komiteti» tarapyndan alnyp barylýar. Türkmenistanda köp ugurly statistiki neşir bolup «Türkmenistanyň ýyllyk statistik neşiri» çykyş edýär. Ol «Türkmenistanyň statistika baradaky döwlet komiteti» tarapyndan çapa taýýarlanýar.

Ýyllyk neşir jemi 15 bölümi öz içine alýar. Birinji bölüm «Türkmenistanyň esasy häsiýetnamasy» diýlip atlandyrylýar. Onda ýurdumyzyň esasy ykdysady-geografiki häsiýetnamalary bolan meýdan, paýtagt, uzynlyk, iň uly dag toplumy, iň beýik nokady, dolandyryş-çäkleýin bölünişi, baýramçylyklary we belli seneleri getirilýär.

Ikinji bölüm «Türkmenistanyň esasy sosial-ykdysady görkezijileri» diýlip atlandyrylýar. Bu bölümde neşiriň 15 ugrunyň hemmesi umumy görkezijiler arkaly beýan edilýär.

Üçünji bölüm «Ilat» diýlip atlandyrylýar. Onda ýurdumyzyň ilatynyň sany, ýyllyk artyşy, ilatyň sebitler boýunça ýerleşişi, ýaş, jyns düzümi, nikalaşma we nika bozulmalar, şäher we oba ilaty barada maglumatlar getirilýär.

Dördünji bölüm «Milli hasaplar ulgamy» diýlip atlandyrylýar. Bu bölümde jemi içerki önüm, jemi milli

önüm, olaryň hasaplanyşy, jemi içerki düzümi barada maglumatlar berilýär.

Bäşinji bölüm «Senagat» bolup, onda ýurdumyzyň maddy sektorynyň ösüş görkezijileri, senagat önümçiligini emele getirýän pudaklary bolan ýangyç-energetika, maşyn gurluşygy we metal işläp bejeriş, himiýa senagaty, gurluşyk materiallary senagaty, ýeňil senagat, azyk senagaty we beýleki maddy önümçilik pudaklary, olaryň sebitler boýunça öndürilişi barada giňişleýin maglumatlar berilýär.

Altynjy bölüm «Oba hojalygydyr». Bu bölümde oba hojalygynyň esasy görkezijileri, ekerançylyk, maldarçylyk, guşçulyk, gök we bakja ekinleriniň öndürilişi, ýurdumyzyň oba hojalygyna ýaramly meýdany, oba hojalyk önümleriniň welaýatlar boýunça öndürilişi, oba hojalyk harytlarynyň hususy hojalyklarda öndürilýän bölegi barada maglumatlar getirilýär.

Ýedinji bölüm «Maýa goýum işi» diýlip atlandyrylýar. Bu bölümde ýurdumyzda amala aşyrylýan maýa goýumlar, ýerli we daşary ýurt maýa goýumlary, maýa goýumlaryň pudaklar boýunça paýlanyşy, onuň çeşmeleri, eýeçiligi barada maglumatlar berilýär.

Sekizinji bölüme «Ulag we aragatnaşyk» diýilýär. Onda ýurdumyzda hereket edýän ulaglaryň görnüşleri boýunça gatnadylan ýolagçylar, daşalan ýükler, aragatnaşyk hyzmatlary, olardan alnan girdejiler, olaryň welaýatlar boýunça paýlanyşy görkezilýär.

Dokuzynjy bölüm «Bölek satuw söwdasy we hyzmatlar» diýlip atlandyrylýar. Bu bölümde içerki söwdanyň esasy görkezijileri, bölek satuw haryt dolanyşygynyň ýerleşdiriş ugurlary boýunça bölünişi, haryt dolanyşygynyň umumy möçberi, olaryň welaýatlar boýunça paýlanyşy, bölek satuw haryt dolanyşygynyň harytlyk düzümi, ilata edilen tölegli hyzmatlaryň umumy möçberi, tölegli hyzmatlaryň düzümi barada maglumatlar getirilýär.

Onunjy bölüm «Daşary söwda» diýlip atlandyrylýar. Onda ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygy, Türkmenistanyň daşary söwdasyndaky esasy orun eýeleýän ýurtlar, ýurdumyzyň daşary söwdasynda ýurtlaryň paýy, eksport edilen harytlaryň möçberi, import edilen harytlaryň möçberi, importlyk harytlaryň düzümi, onuň ýurtlar boýunça paýlanyşy görkezilýär.

On birinji bölüm «Maliýe we karz» diýlip atlandyrylýar. Onda Türkmenistanyň döwlet býujeti, býujetiň girdejileriniň we çykdajylarynyň düzümi, senagat harytlaryny öndürmek üçin harajatlaryň düzümi, ykdysadyýetiň pudaklar boýunça kärhanalaryň we guramalaryň balans peýdasy, senagat kärhanalarynyň önümi ýerlemekden alan peýdasy, ätiýaçlandyryş guramalaryň işiniň esasy görkezijileri barada maglumatlar getirilýär.

On ikinji bölüm «Institusional özgerişler» diýlip atlandyrylýar. Bu bölümde ýuridiki şahslaryň ykdysady işleriň görnüşleri we sebitler boýunça paýlanyşy, bellige alnan hojalyk subýektleriniň sebitler we guramaçylyk-hukuk görnüşleri boýunça paýlanyşy, ýuridiki şahslaryň çäk we

eýeçilik formasy, telekeçilik, hususylaşdyrmak we döwlet emläginiň kärendesi, hususy telekeçilikde iş bilen meşgullyk, telekeçileriň sanynyň sebitler boýunça paýlanyşy, döwlete dahylsyz sektoryň ösüşi, döwlet emläginiň kärendesinden gelen girdejiler barada maglumatlar görkezilýär.

On üçünji bölüm «Ilatyň ýaşaýyş derejesi we sosial ýaýraw» diýlip atlandyrylýar. Bu bölümde öý hojalyklaryň pul girdejileri we çykdajylary, ilatyň iýmit önümlerine bolan çykdajylary, bilim, ylym, medeniýet boýunça esasy görkezijiler, ýokary okuw mekdepleriniň sany, orta hünär mekdepleri, başlangyç hünär mekdepleri, olaryň welaýatlar boýunça paýlanyşy, orta we ýokary mekdeplerdäki okuwçylaryň we talyplaryň sany, ýetim çagalar, köpçülikleýin kitaphanalar, medeni dynç-alyş edaralarynyň sany, kitaplaryň, kitapçalaryň, gazetleriň, žurnallaryň goýberilişi, muzeýler, teatrlar, ylmy-barlag edaralary, ylmy işgärler, saglygy goraýşyň esasy görkezijileri barada giňişleýin maglumatlar berilýär.

On dördünji bölüm «Ýaşaýyş jaý--jemagat hojalygydyr». Onda ilatyň ýaşaýyş jaýlar bilen üpjünçiligi, 1 adama düşýän inedördül metr, ýaşaýyş jaý gorunyň düzümi, sebitleriň ýaşaýyş jaý üpjünçiligi, myhmanhanalar, agaç ekilen ýerler, syýahatçylyk, ýurdumyzyň zähmet resurslary, olaryň welaýatlar boýunça paýlanyşy barada möhüm maglumatlar berilýär.

Iň soňky bölüm «Tebigy baýlyklar we daşky gurşaw» diýlip atlandyrylýar. Bu bölümde ýurdumyzyň hojalyk işleriniň daşky gurşawa edýän täsiri, aýratyn goralýan çäkler, sebitler boýunça arassa suwuň sarp edilişi barada giňişleýin maglumatlar getirilýär.

Ýurdumyzda başga-da birnäçe pudaklaýyn neşirler çap edilýär. Mysal üçin, «Bank habarlary we täzelikleri» ýurdumyzyň bank ulgamy barada köp sanly maglumatlary çap edýär.

# V BAP
# DÜNÝÄ HOJALYGYNYŇ HÄZIRKI ÖSÜŞ MEÝILLERI

## 5.1. Dünýä ykdysadyýetiniň globallaşmagy

Dünýä ykdysadyýeti özüniň ösüş taryhynda täze döwre gadam basdy. Özara ykdysady, syýasy gatnaşyklaryň barha ýygjamlaşmagy esasynda halkaralaşan hojalyklar globallaşmagyň bosagasyna bardylar. Dünýä hojalygy

täze bir mesele bilen ýüzbe-ýüz boldy. Bu mesele bolsa globallaşmadyr.

Ykdysadyýetiň halkaralaşmagyna we globallaşmagyna bir manyda garap bolmaz. Önümçiligiň ýa-da hojalygyň halkaralaşmagy bolanda, haýsy hem bolsa bir hojalygyň birnäçe döwletleriň ýa-da bir sebitiň çäginde öz işini alyp barmagyna aýdylýar. Halkaralaşma globallaşmagyň başlangyç döwrüdir. Globallaşma hojalygyň öz işini birnäçe sebit ýa-da dünýä möçberinde alyp barmagyna düşünilýär.

Globallaşma düşünjesine Halkara pul gaznasynyň (mundan beýläk HPG) hünärmenleri şeýle kesgitleme berýärler. **Globallaşma – halkara harytlaryň, hyzmatlaryň, kapitalyň, tehnologiýanyň, halkara söwdasynyň barha giň gerime eýe bolmagy netijesinde döwletleriň bir-birine baglylygynyň barha güýçlenmegidir.**

Berlen kesgitlemeden görnüşi ýaly, globallaşma – milli ykdysadyýetleriň biri-biri bilen baglanyşygynyň güýçlenmegine aýdylýar. Bu baglanyşygyň barha güýçlenmegi ykdysady kanunalaýyklykdyr. Ykdysady nazaryýetçileriň nygtaýyşlary ýaly, dünýä hojalygy barha bütewüleşýär. Dünýä hojalygynyň barha bütewüleşmegi halkara ykdysady gatnaşyklaryň üsti bilen amala aşýar. Bu ýerde hemme zat ösüşiň tebigy kanunalaýyklygy hökmünde ýüze çykýan ýaly bolup görünýär. Emma globallaşma bolsa hut döwletara ykdysady gatnaşyklaryň barha ösmegi bilen ýüze çykýar. Munuň şeýledigini açyp görkezmek üçin dünýä söwdasynyň düzümini seljereliň. Bütindünýä söwda guramasynyň (BSG) berýän maglumatlaryna görä, dünýä söwdasynyň 80%-den gowragy ösen ýurtlaryň paýyna düşýär. Diýmek, dünýä söwdasynyň agramly bölegi az sanly ýurtlar tarapyndan amala aşyrylýar ýa-da az sanly ýurtlaryň gözegçiliginde alnyp barylýar. Bu görkeziji ösen döwletler bilen ösüp gelýän ýurtlaryň arasynda örän uly tapawudy emele getirýär. BMG-niň berýän maglumatlaryna görä ösüp gelýän ýurtlarda dünýä ilatynyň 10/9 bölegi ýaşaýar. Häzirki wagtda dünýäniň ilaty 7 milliard töweregi hasaplanylýar. Onda 6 milliarddan gowrak adama dünýä söwdasynyň 20 göterimi, 1 milliarda golaý ilata bolsa dünýä söwdasynyň 80%-i düşýär. Getirilen sanlardan görnüşi ýaly, dünýä söwdasynyň ösen we ösüp gelýän ýurtlaryň arasyndaky paýlanyşygynyň uly tapawudyny görüp bolýar. Globallaşmagyň kesgitlemesine esaslansaň bu tapawut ýene-de artmaly. Bu mesele ösen we ösüp gelýän döwletleriň arasynda söwda gapma-garşylyklaryna we çekişmelerine getirýän esasy sebäpdir.

Ösen we ösüp gelýän döwletleriň daşary söwda dolanyşyklary düýpli tapawutlydyr. Ösen döwletleriň eksportyny taýyn harytlar, importyny çig mallar tutsa, ösüp gelýän ýurtlaryň eksportyny çig mallar, importyny taýyn önümler tutýar. Belli bolşy ýaly, taýyn harytlaryň bahasy çig malyň

bahasyndan birnäçe esse ýokarydyr. Diýmek, ösüp gelýän döwletler ösen ýurtlara çig mal satyp, ondan gelen girdejilere birnäçe esse gymmat bolan taýyn harytlary satyn alýarlar. Munuň özi ikitaraplaýyn söwdanyň deňsizlik we adalatsyz alnyp barylýandygyny görkezýär.

Ösen ýurtlaryň (ABŞ-dan başga) daşary söwda dolanyşygy oňaýly galyndylydyr. Emma ösüp gelýän ýurtlaryň köpüsinde daşary söwdasy oňaýsyz galynda eýedir. Has takygy ösüp gelýän ýurtlaryň daşary söwdasynda importy eksportyndan has ýokarydyr. Bu ýagdaý ösüp gelýän ýurtlaryň daşary bergileriniň barha artmagyna, netijede olaryň ösen döwletlere ykdysady taýdan baglylygynyň barha güýçlenmegine getirýär.

Globallaşma ýa-da ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň dünýä hojalygyndaky täsiriniň barha ulalmagynyň gözbaşy nireden başlaýar? Bu mesele YTP-niň hemme ýurtlarda deň ýaýramazlygyndan alyp gaýdýar. Ylmy açyşlaryň taryhyna we geografiýasyna seredeniňde ol ilki bilen Günbataryň ösen ýurtlaryndan gözbaş alýar. Senagatda ylmy-tehniki öwrülişik hem ilkinji bolup şu ýurtlarda amala aşyryldy. Önümçiligiň senagatlaşmagy önümçilik tehnologiýasy bilen baglanyşyklydyr. Has dogrusy, ösen ýurtlaryň agalyk ediji güýji gös-göni tehnologik açyşlaryň hasabyna gazanylýar.

Tehnologik alyş-çalşygyň has giň gerime eýe bolmagy globallaşmaga esasy itergi beriji faktorlaryň biridir. Ösen ýurtlarda YTP has ir ýüze çykdy. Häzirki wagtda hem YTP-iň ösüşi we ýaýraýşy boýunça ösüp gelýän ýurtlar ösen döwletler bilen bäsleşerden ejizdir. Bu asgynlygyň netijesinde dünýäniň tehnologiki bazary, esasan, ösen ýurtlaryň elinde jemlenendir. Tehnologik alyş-çalyş başgaça «nou-hau» ygtyýarnamalarydyr. Bu ygtyýarnamalar entek önümçilige ornaşdyrylmadyk ýa-da az sanly taraplaryň elinde jemlenen adam akylynyň önümidir. Bu ygtyýarnamalar monopol harytlardyr. Şonuň üçin bu ygtyýarnamalaryň bahasy monopol bahalardan satylýar. Dünýäniň ygtyýarnamalar bazarynyň 90%-den gowragy bolsa, ýene-de ösen ýurtlaryň elindedir.

Tehnologik bazar islendik döwlet tarapyndan berk gözegçilik astyna alnandyr. Täze, kämil tehnologiýalaryň ýurduň daşyna çykarylmagy döwletler üçin uly ýitgidir. Tehnologiýa babatda yza galmak ahyrky netijede dünýäniň haryt, hyzmat we maliýe bazarlarynda ornuň gowşamagyna alyp barýar. Tehnologiýa, YTP ýurduň halkara zähmet bölünişigine has işjeň goşulyşmagynyň, dünýä hojalygyna has pugta jebisleşmeginiň açary bolup çykyş edýär. Şonuň ücin hemme döwletlerde täze tehnologiýany öz içine ornaşdyrmazdan onuň daşyna çykarylmagyny agyr jenaýat hasaplaýarlar. Bu ýagdaý aýratynam harby senagatda has güýçlüdir. Beýle diýildigi tehnologiýalaryň daşyna satylmazlygyny

aňlatmaýar. Tehnologiýalaryň satylmagy, tehnologik alyş-çalyş diňe döwletara şertnamalar esasynda amala aşyrylýar. Ýöne satylýan tehnologiýadan has kämil tehnologiýa ýüze çykan halatynda, mysal üçin, Türkiýäniň öndürýän «Mersedes» kysymly awtobuslary Germaniýadan göçürilip getirilen zawodlarda öndürilýär. Eýranyň «Şahab-3» kysymly 1500 kilometre atýan raketalary gözbaşyny ruslaryň SS-20 raketalaryndan alyp gaýdýar.

Tehnologik babatda alyş-çalyş etmek barada ylalaşyk baglaşylanda döwletler öz ykdysadyýetlerine uly peýda getirýän önümçilikleriň tehnologik syrlary bu şertnama degişli däl diýip hasaplaýarlar. Mysal üçin, ABŞ-nyň dünýä belli «Coca-kola» we «Pepsi-kola» içgileriniň tehnologik syrlary kompaniýanyň önümçilik syry bolup durýar.

Globallaşmagyň barha ýitileşmegine itergi berýän faktorlaryň biri hem halkara hyzmatlardyr. BSG halkara hyzmatlaryny 160 sany görnüşe bölýär. Şeýle köp görnüşli halkara hyzmatlarynyň agramly bölegi ýene-de ösen döwletler tarapyndan amala aşyrylýar. Dogry, ösüp gelýän ýurtlaryň arasynda hyzmatlaryň käbir görnüşi boýunça ýöriteleşip başlan döwletler hem bar. Emma ösen döwletler bilen ösüp gelýän döwletleriň arasynda halkara hyzmatlarynyň ýerine ýetiriliş tapawudy örän uludyr. Bu ugurda bäsdeşligiň ýitileşmegi bu hyzmaty amala aşyrýan şereketleriň ýöriteleşmegine alyp bardy. Häzirki wagtda ýöriteleşmäniň esasan şu toparlary bar. Gurluşyk taslamalary, senagat taslamalary, ylmy-önümçilikler, önümleri öndürmekde we satmakda maslahat berijiler we ş.m. Ýöriteleşen hojalyk birliklerine başgaça inžiniring kompaniýalary hem diýilýär. Has iri we kuwwatly kompaniýalar ýeke bir önüm öndüriji bolman, inžiniring hyzmatlary hem ýerine ýetirmek bilen bir hatarda maýa goýujy bolup çykyş edýär. Bu iri hojalyk birleşmeleri özlerinde ylmy-önümçilikleri hem saklaýarlar. Umuman, kuwwatly halkara hojalyk birlikleri köptaraplaýyn inžiniring hyzmatlaryna ýöriteleşendir. Bu iri kärhanalaryň maliýe ýagdaýy ýeterlik bolansoň, beýleki ýöriteleşen firmalar we kompaniýalar bilen üstünlikli bäsleşip bilýärler. Inžiniring hyzmatlarynyň ylmy önümçilik ugry, esasan, döwletleriň elinde jemlenendir. Bulara esasan medisina, ekologiýa, harby senagat ugurlary degişlidir.

Inžiniring hyzmatlaryny amala aşyrýan şereketler we kompaniýalar buýrujynyň öňünde şu borçlary ýerine ýetirýärler.

1. Halkara talaplaryna laýyk gelýän taslamalary işläp düzmek.
2. Hödürlenilýän taslamalaryň ykdysady, tehniki we maliýe ýagdaýyny seljermekde buýruja ýardam bermek.
3. Ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň buýrujynyň göwnünden turmagyny gazanmak.

4. Taslama amala aşyrylandan soň häzirki zaman derejede onuň usullaryny, guramagy we dolandyrmagy öwretmek.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, inžiniring hyzmatlaryny amala aşyrýan şereketler, esasan, dünýäniň senagat taýdan ösen ýurtlaryna degişlidir. Bu ýurtlara aşakdakylar degişlidir: ABŞ, Angliýa, Fransiýa, Germaniýa, Ýaponiýa, Kanada, Daniýa, Şwesiýa, Şwesariýa, Italiýa. Bu ýurtlaryň inžiniring hyzmatlaryndan gelýän girdejileriniň jemi möçberi ortaça hasap bilen her 10 ýyldan 50%-e golaý ösýär. Mysal üçin, geçen asyryň 80-nji ýyllarynda bu hyzmatlaryň dünýä boýunça jemi möçberi 12–15 milliard dollar aralygynda bolan bolsa, 1990-njy ýyllarda bu görkeziji 15–18 milliard dollara, häzirki günde bolsa ortaça hasap bilen 70–80 milliard dollara barabar diýip hasaplanylýar.

Umuman, globallaşma ylmy-tehniki progresiň iň soňky gazananlaryna daýanýan kuwwatly milli hojalykdyr. Bu hojalyklarda önümçilik tehnologiýasynyň açylyş we durmuşa ornaşdyrylyş derejesiniň ösüp gelýän ýurtlar bilen deňeşdireniňde has ýokarylygy, olaryň dünýä hojalygyndaky agalygyny saklamaga we pugtalandyrmaga mümkinçilik berýär.

Globallaşma ýeke bir milli ykdysadyýetleriň arasyndaky gatnaşyklar arkaly ýüze çykmaýar. Ol ýörite döredilen halkara ykdysady guramalar arkaly hem öz işini dowam edýär. Ol guramalara başgaça globallaşmagyň institutlary hem diýilýär. Globallaşmagyň üç sany instituty hereket edýär. Olara Bütindünýa söwda guramasy (BSG) Halkara pul gaznasy, (HPG) we Bütindünýä banky (BB) degişlidir. Eýsem-de, bu halkara guramalarynyň globallaşmany has çuňlaşdyrmaga nähili täsir edýärkä? Bu soraga giňişleýin jogap berilmegi möhümdir. Şonuň üçin bu institutlaryň her biri barada aýratyn durup geçeliň.

BSG bu prosesi barha çaltlaşdyryjy bolup çykyş edýär. BSG-niň döredilmeginiň esasy maksady halkara ykdysady gatnaşyklary ýeňilleşdirmekden, erkinleşdirmekden ybaratdyr. Daşary söwdany ýeňilleşdirmek ilki bilen taýyn harytlaryň söwdasyndan başlady. Soňra hyzmat, maýa akymlary erkinleşdirdi. Häzirki wagtda bolsa halkara gatnaşyklaryň täze bir görnüşi bolan işçi güýjüniň halkara hereketini öz içine aldy.

Daşary söwdany ýeňilleşdirmek işi gümrük paçlaryny düzgünleşdirmegiň we ony peseltmegiň üstünden geçýär. Gümrük paçlaryny halkara derejesinde düzgünleşdirmegiň taryhy 1947-nji ýyldan başlanýar. Şol ýyl 23 döwletiň gatnaşmagynda «söwda we tarifler barada Baş ylalaşyk» atly pakta gol çekilýär (iňlisçe GATT). Bu ylalaşyga gatnaşýan döwletleriň sany barha artyp, 1986-njy ýylda oňa agza bolan döwletleriň sany 125-e ýetýär. Bu döwür içinde ösen ýurtlar içerki bazarlaryny daşary ýurduň senagat haryt-

5. Sargyt № 1094.

laryndan goramak üçin 40% gümrük pajyny 6,3%-e çenli peseltdiler. 2000-nji ýylda bolsa onuň möçberi 3,8%-e getirildi.

1996-njy ýylda «söwda we tarifler barada Baş ylalaşyk» paktyna girýän ýurtlar täze Bütindünýä söwda guramasyny (BSG) döretdiler. BSG «söwda we tarifler barada Baş ylalaşyk» paktynyň gös-göni mirasdüşeridir. Bu guramanyň häzirki wagtdaky agzasy 134 sany döwlet bolup, 30-a golaý ýurt oňa girmäge isleg bildirýär. Dünýä söwdasynyň 90 göterime golaýy bu guramanyň agzalarynyň arasynda amala aşyrylýar. BSG häzirki wagtda oba hojalyk önümlerine goýulýan gümrük paçlaryny peseltmek ugrunda tutanýerli iş alyp barýar. Şeýle hem agza döwletleriň import edýän harytlarynyň 90%-i gümrük salgydyndan boşatmak baradaky mesele garaýar. Şeýle-de, 1997-nji ýylyň dekabr aýynda maliýe hyzmatlaryny ýeňilleşdirmek barada ylalaşyk baglaşyldy.

BSG gümrük paçlaryny ýeňilleşdirmek üçin döredilen hem bolsa erkin söwdany hiç bir ýurt amala aşyrmaýar. Sebäbi bir harydyň özüne düşýän gymmaty her ýurtda dürli-dürlüdir. Bu ýagdaýda haýsy hem bolsa anyk bir harydyň has arzan düşýän ýurtlary bu artykmaçlykdan peýdalanýar. Mysal üçin, 1 tonna kömrüň Awstraliýada özüne düşýän gymmaty 26 ýewro bolsa, bu görkeziji Germaniýada 150 ýewro deňdir. Ýa-da Ýaponiýada öndürilen şaly ABŞ-da öndürilen şala garanyňda 3 esse gymmatdyr. Egerde, erkin söwdanyň kanunlaryna laýyk hereket etseler, onda ýokarda mysal getirilen ýurtlaryň ýerli öndürijileriniň tozjakdygy gümansyzdyr. Şonuň üçin hem ýurtlar bu howpdan aman sypmak üçin garşylyklaýyn syýasaty (proteksionizm) alyp barýarlar. Proteksionizm syýasatynyň düýp özeni ýerli haryda garanyňda has arzan bolan daşary ýurt harydyny ýokary paç arkaly bahasyny ýokarlandyrmakdan we şunuň netijesinde onuň ýurda getirilmezligini gazanmakdyr. Geliň, mysallara ýüzleneliň. Amerikan hökümeti 1997-nji ýylda iňlis dokma senagatynyň önümlerine ýokary gümrük paçlaryny belledi. Iňlisleriň çig mala we işçi güýjüne töleýän zähmet haky amerikalylaryňky bilen deňeşdireniňde pesdir. Bu bolsa öz gezeginde harydyň bahasynda tapawut tapýar. ABŞ-nyň hökümeti ýerli öndürijilerini goramak maksady bilen, ýokary paçlary bellemäge mejbur boldy.

Proteksionizm syýasatynyň ýenede bir tarapyny bellemeli. Ösüp gelýän ýurtlar ýokary paçlar arkaly öz içerki öndürijilerini goraýar hem-de oňa ýurduň walýuta çeşmeleriniň biri hökmünde garalýar. Ýurtlarda gümrük paçlarynyň derejesi dürlüdir. Käbir ýurtlarda bu görkezijiniň 50%-den başlap 300%-e we 500%-e çenli barýan ýerleri hem bar. Şunuň ýaly ýokary gümrük tarifleri, adatça, pes derejede ösen we ykdysadyýeti geçiş häsiýetli ýurtlarda ulanylýar.

Türkmenistan heniz BSG-niň agzasy däldir. Şonuň üçin bizde hem belli-belli önümlere ýokarlandyrylan gümrük tölegleri hereket edýär. Mysal üçin, ýerli öndürijilerimize garanyňda tebigy taýdan uly artykmaçlyklary bolan Kawkaz ýurtlarynda öndürilýän bejerijilik ähmiýeti ýokary bolan gazlandyrylan mineral suwlara 100% aksiz salynýar.

Käbir bilermenler daşary söwdany ýeňilleşdirmekde esasy utuş gazanýan ösen ýurtlar diýip hasap edýärler. Bu aýdylanlar dogrudyr. Muny inkär edip bolmaz. Sebäbi halkara söwdasynyň agramly bölegi ösen ýurtlaryň paýyna düşýär. Emma bu ýerde garşylyklaýyn ýagdaý hem barha ösýär. Bütin dünýäde çig mallaryň bahasy barha ýokarlanýar. Ilatyň durmuş-medeni ýagdaýy ösen ýurtlarda ösýän ýurtlara garanyňda has ýokary. Bu ýagdaýlar bolsa önümiň bahasynyň ýokarlanmagyna getirýär. Ösüp gelýän ýurtlaryň içinde ykdysadyýeti eksporta gönükdirilen ýurtlaryň sany barha artýar. Bu ýurtlaryň öndürýän önümleriniň hilini peslär ýaly däl. Bahasy bolsa has arzan. Bu ýagdaý ösüp gelýän ýurtlarda öndürilen harytlaryň ösen ýurtlarda öndürilen harytlar bilen bäsleşik ukybyny has pugtalandyrýar. Häzirki wagtda ösen ýurtlaryň öndürijilerini howsala düşmeginiň aňyrsynda hut şu ýagdaý durýar. Mysal üçin, soňky döwürlerde uly ösüş depginlerini gazanan hytaý harytlary bütin Ýewropada we ABŞ-da uly aljyraňňylyk döredýär. BSG-niň düzgünlerine laýyklykda oňa agza döwletleriň arasynda uly gümrük tarifler ulanylmaýar. Bu bolsa arzan hytaý önümlerine bolan islegiň ýokarlanmagyna getirýär.

Ýüze çykan ýagdaýy aradan aýyrmak üçin Günbatar ýurtlaryň hökümetleri öndürilýän önümleriň bahasyny deňleşdirmäge çalyşýarlar. Emma hytaý hökümeti özüniň ilatynyň sanynyň köplügine we durmuş-ykdysady ýagdaýyna salgylanyp, daşarky bäsleşikde özüne uly artykmaçlyk berýän bu ýagdaýdan ýüz öwürmek islemeýär. Ýokary gümrük tariflerini hem ulanyp bolmaýanlygy üçin ösen ýurtlar başga hili emelleri ulanýarlar. Bu emellere getirilýän harytlara bellibir derejede çäk goýmak, hilini bir standarta getirmek, garşylyklaýyn haryt almak, harydyň sanitar-gigiýeniki taraplary. Bu emelleriň hersi barada aýratyn durup geçeliň.

Ösen ýurtlar ýerli öndürijilerini daşarky harytlardan goramak maksady bilen, getirilýän önümleriň möçberine bellibir çäk goýýarlar. Meselem, Ýewropa Soýuzy Hytaýyň dokma senagatynyň önümlerini her ýylda 17 milliard dollarlygyny bu bileleşige girýän ýurtlara goýbermäge rugsat berýär. Bu çäkden geçilen ýagdaýynda jedelli meseleleriň döremegine sebäp bolýar.

**Garşylyklaýyn haryt almak.** Ýagny döwletler daşary ýurtlardan öz içine bäsleşikli harydy goýberýär. Ýöne şonça mukdardaky harydy hem yzyna almak barada ylalaşyk baglaşýarlar. Munuň özi ikitaraplaýyn bähbitlidir.

Şeýle hem proteksionizmden soň iň amatly goranyş usuly diýip hasap edip bolar.

**Hili bir standarta getirmek usuly.** Bu ýagdaýda import ediji ýurt halkara standartlaryndan daşgaryn öz standartyny belleýär. Bu usuly aýratyn hem ABŞ köp ulanýar. Bu usul dünýä standartlaryndan hem has ýokary talaba eýe bolup, käbir ýurtlar bu talaby ýerine ýetirip bilmeýär. Mysal üçin, Türkiýäniň dokma senagatynyň önümleri ISO-9001 standartyna laýyk gelýänem bolsa, amerikan tarapynyň bellän standartlaryna gabat gelenok.

**Harydyň sanitar-gigieniki ýagdaýy.** Bu emel hem ýerli öndürijini goramak maksady bilen geçirilýär. Şeýle syýasatyň amala aşyrylyşy şundan ybarat. Hökümetler adam saglygy üçin howply bolmagy mümkin diýip, belli-belli ýurtlardan wagtlaýynça önümiň getirilmegine gadaganlyk girizýärler. Mysal üçin, Hytaýda SARS wirusynyň döremegi bilen ýüze çykan keselçilik sebäpli, Aziýa ýurtlarynyň köpüsinden, aýratyn-da Hytaý bilen goňşuçylykda ýerleşýän ýurtlardan haryt getirilmegi gadagan edildi. Bu zeýilli gadaganlyk ösüp gelýän ýurtlary agyr ýagdaýa salýar.

HPG-niň we BB-niň globallaşma prosesinde ýerine ýetirýän işleri birmeňzeşdir. Bu guramalaryň ikisi hem dünýä ykdysadyýetiniň ösüşini çaklamakdan, ösüp gelýän ýurtlara dürli maslahatlary we karz serişdelerini bermekden ybaratdyr. Ýöne olaryň berýän maslahatlary we karzlary köp halatlarda ýerine düşüp barmaýar. Çünki HPG-niň we BB-niň bilermenleri köplenç amerikan modeline meňzeş ösüş ýoluny teklip edýärler. Bu ýol bolsa hemme hojalyklar üçin kabul ederlikli diýip bolmaz. Şol bir wagtyň özünde bu guramalaryň berýän karz serişdeleriniň köplenç halatda syýasatlaşdyrylýandygy hem aýdylýar. Mysal üçin, HPG-niň aktiwleriniň 50%-i diňe ABŞ-a, galan bölegi bolsa günbataryň ösen ýurtlaryna degişlidir. Şonuň üçin bu ýurtlar HPG we BB öz täsirini ýetirip bilýärler.

Dünýä hojalygynda aýry-aýry ýurtlaryň maýasynyň agdyklyk etmegi globallaşmagyň ýene-de bir ýüze çykmagydyr.

Kapitalyň halkara hereketiniň barha güýçlenmegi globallaşmagyň has ýitileşmegine sebäp bolýan faktorlaryň biridir. Bu ýagdaýa göz ýetirmek üçin kapitalyň halkara hereketiniň geografiýasyna seredeliň. Bütindünýä bankynyň maglumatlaryna görä kapitaly esasy eksport edýänleriň 90%-e golaýy ýene-de ösen ýurtlaryň paýyna düşýär. Dünýäde kapitala bolan isleg her ýyl ýokarlanýar. Munuň netijesinde bolsa deňagramsyz baglanyşyk barha ýitileşýär. Kapitalyň dünýä bazarynyň ösmegi içerki gapma-garşylyklara we deňagramsyzlyga getirýär. Kapitalyň halkara hereketi önümçiligiň halkaralaşmagy netijesinde beýleki ýurtlaryň ykdysadyýetine aralaşmagyny ýeňilleşdirýär. Beýleki bir ta-

rapdan daşary ykdysady işe döwletiň goşulyşmagy kapitalyň halkara hereketini bökdeýär. Bu ýagdaý kapitalyň häsiýetinden hem gelip çykýar. Ýagny kapital ilkinji nobatda milli ykdysadyýetiň iň girdejili pudaklaryna ymtylýar. Munuň özi soňlugy bilen ykdysadyýetiň geljegini howp astynda goýýar. Şonuň üçin köp döwletler milli ykdysadyýetiň has girdejili pudaklaryna daşary ýurt maýasynyň çekilişini çäklendirýärler.

Daşary ýurt maýasyny milli ykdysadyýete çekmek üçin birnäçe şertleriň bolmagy hökmandyr. Ol şertlere aşakdakylar degişlidir:

- döwletiň ykdysady ösüşiniň ýokary derejesi;
- ýurduň dünýä söwdasyna işjeň gatnaşmagy;
- kapitalyň hereket etmegi üçin ykdysady we ýuridiki şertler;
- ösen bank ulgamy;
- liberal (ýumşak, ýeňil, erkin) walýuta we salgyt kanunçylygy;
- ýurduň amatly geografiki ýerleşişi;
- syýasy taýdan durnuklylyk we ş. m.

Ýokardaky şertleri ýerine ýetirmek we daşary ýurt maýasy üçin has amatly şertleri döretmek boýunça milli kanunçylygyny barha kämilleşdirýärler. Has dogrusy, daşary ýurt maýasynyň hereketi üçin şertleri has ýumşadýarlar. Bu ýagdaý hem öz gezeginde ösen döwletleriň kapitalynyň ösüp gelýän milli ykdysadyýetdäki erkin hereketine has giň ýol açýar. Netijede bolsa, ösüp gelýän milli ykdysadyýetleriň ösen ýurtlaryň maýasyna bolan mätäçligi barha ýokarlanýar.

Geçen asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap, ösüp gelýän döwletlerden hem kapital eksport edilip başlandy. Bu döwletlere çalt senagatlaşýan ýurtlar we OPEK guramasynyň käbir ýurtlary degişlidir. Çalt senagatlaşýan döwletlerden kapitaly eksport edýän döwletlere Günorta Koreýany we Singapury mysal görkezmek bolar.

OPEK guramasyna girýän döwletleriň içinde kapitaly eksport edýän döwletlere Saud Arabystany we Birleşen Arap Emirliklerini (BAE) görkezmek bolar. Saud Arabystanynyň häzirki wagtda daşary ýurtlara goýan maýasynyň umumy möçberi 1 trln. dollara golaý diýip hasap edilýär. Bu ýurtlaryň maýa eksporty nebitden gelýän girdejileriň hasabyna amala aşyrylýar.

Ýöne ösüp gelýän döwletleriň maýa goýumy ösen döwletler bilen deňeşdireniňde entek ujypsyzlygyna galýar.

Ýokardaky aýdylanlardan çen tutsaň, ýurtlaryň öz içerki bazarlaryny daşarky harytlardan goramak üçin ýeterlik mümkinçilikleri bar ýaly. Emma ýagdaý düýpgöter başgaça. Häzirki wagtda halkara söwdasynda TMK-lara uly orun degişlidir. Bu kompaniýalar dünýä söwdasynyň 4/5 bölegini ama-

la aşyrýarlar. BMG-niň kesgitlemesine görä, TMK diýlip, jemi maýasy 170 million dollardan az bolmadyk we pesinden bäş ýurtda golçur (doçernyý) kärhanalary bolan kompaniýalara aýdylýar. Bu kompaniýalar birnäçe ýurtlarda hereket etmek bilen, özüniň hereket ediş çägini barha giňeldýär. TMK-lar gümrük salgytlaryndan sypmagy hem başarýarlar. Bu iş şeýle amala aşyrylýar. TMK-lar ilki bir ýurtda hasaba alnan hem bolsa, olaryň dürli ýurtlarda bölümleri hereket edýär. Bu bölümler bolsa bir wagtyň özünde ýerleşýän ýurdunyňky ýaly hereket edýär. Sebäbi bu kompaniýalar ýerleşýän ýurdunda «öndürildi» diýen at bilen önüm öndürýärler. Soňra öndürilen önümleri beýleki bir ýurtlardaky bölümleriniň buýurmasy bilen şol ýurda ugradylýar. Bu önümlere ýokary gümrük salgydyny salmazlyk barada ilkibaşda döwletleri şertnama arkaly borçly edýärler. Şonuň netijesinde olaryň öndüren harytlary beýleki ýurtlara erkin aralaşyp bilýärler.

TMK-lar barada aýdylanda, ýene bir ünsi çekmeli zat, ol hem bu zeýilli kompaniýalaryň agramly böleginiň ösen ýurtlaryň paýyna düşýänligidir. TMK-lara başgaça halkara monopoliýalar hem diýilýär.

Ösen ýurtlaryň dünýä hojalygyndaky agalyk ediji güýjüni amala aşyrmakda halkara monopoliýalaryna (TMK) uly orun degişlidir. Monopoliýalar goşmaça girdejilerini has köpeltmek maksady bilen, keseki ýurtlaryň ykdysadyýetine aralaşýar. Daşary ýurt maýasynyň milli ykdysadyýete çekilmegi birbada oňaýly ýaly bolup görünýär. Ykdysadyýetiň gyzyl pula bolan isleginiň bellibir bölegini kanagatlandyrmaga mümkinçilik döreýär. Önümçilige täze tehnologiýalar ornaşdyrylýar, täze iş orunlary döreýär we ş. m. Emma daşary ýurt maýasy başga bir ykdysadyýete goşulyşmak bilen özüni birnäçe gezek ödeýär. Mysal üçin, 1996-njy ýyla çenli Bolgariýanyň ykdysadyýetine goýlan 4 milliard dollara barabar bolan daşary ýurt maýasy 2002-nji ýyla çenli 6 milliard dollaryň iri monopoliýalaryň «holtumyna» baryp durmagyny üpjün etdi. Munuň özi çet ýurt maýasynyň gelmegi netijesinde ýurduň milli baýlygynyň bir böleginiň daşyna yzygider çykyp durýanlygyny aňladýar.

Halkara monopoliýalary keseki ýurt ykdysadyýetinde ýerli öndürijini bäsleşik göreşinden daşlaşdyrmaga çalyşýar. Ýerli kapitalyň keseki maýasy bilen bäsleşmäge güýjüniň asgyn gelmegi daşary ýurt maýasy üçin ýerli bazardaky bäsleşik päsgelçiligini aradan aýyrýar. Daşary ýurt maýadarlary zerurdyr öýtseler, dürli ykdysady pirimlere hem ýüz urýarlar. Muňa mysal edip, «dempingi» görkezmek bolar. Demping – harytlaryň öz bahasyndan pes bahalara satylmagyna aýdylýar. Munuň netijesinde bazary ele alan daşary ýurt maýasy «demping» döwründe çeken zyýanyny birnäçe esse edip yzyna gaýdyp alýar.

Daşary ýurt maýasynyň aýratyn bir häsiýetiniň bardygyny bellemeli. Ol ilki bilen milli ykdysadyýetiň girdejili pudaklaryna topulýar. Ýurduň ykdysadyýetiniň möhüm pudaklarynda daşary ýurt maýasynyň agdyklyk etmegi ýurduň ykdysadyýetiniň geljegini howp astynda goýýar. Muňa mysal edip, goňşy Gazagystan döwletini görkezmek bolar. Ýurduň ykdysadyýetiniň esasy pudaklary bolan nebit-gaz, kömür, azyk senagaty, maşyn gurluşygy, şeýle-de habar beriş we aragatnaşyk, kommunal hyzmatlary pudaklarynda daşary ýurt maýasynyň agalyk etmegi ýerli hususyýetçileri we hökümeti uly alada goýýar. Sebäbi ýurduň girdejileriniň aglaba bölegini berýän pudaklarynda daşary ýurt maýasynyň agdyklyk etmegi ýurduň ykdysadyýetiniň geljegini howp astynda goýýar. Daşary ýurt maýasynyň ýerli ykdysadyýetdäki täsirini azaltmak üçin gazak hökümetiniň geçirýän çäreleri häli-häzire çenli netijesini bermän, meseläni gaýtam çuňlaşdyrýar.

Gazaply bazar şertleri halkara monopoliýalarynyň özlerini hem aýap goýmaýar. Dünýä ykdysadyýetiniň pese gaçýan şertlerinde monopoliýalar bütinleý tozmazlygy üçin has güýçli bäsdeşleri bilen goşulyşýarlar. Goşulyşmak meýliniň häzirki maliýe-ykdysady çökgünlik döwründe has hem artyp başlandygyny bellemelidiris. Şeýle seretseň bu ýerde üýtgeşik zat ýok ýaly bolup görünýär. Birek-birege goşulyşmak tozman galmagyň bir ýoly hasaplanýar. Emma halkara monopoliýalaryň birleşip başlamagy bilen maýa bir ýere toplanýar. Bu maýalar ýeke bir toplanmak bilen çäklenmän, merkezleşýär hem. Bir ýere toplanan ägirt uly maýa islendik ykdysadyýetde hereket etmäge ukyply bolýar. Bu ukyp ösüp gelýän ýurtlardan özlerine tarap yzygider we egsilmez gazanjyň akyp gelmegini üpjün edýär.

Globallaşan ykdysadyýetleriň howpy ýeke bir ösüp gelýän ýurtlara abanman, bähbit ugrundaky göreşde biri-birine-de «agyz urýarlar». Muňa mysal edip, ABŞ bilen ÝS-iň arasyndaky ylalaşmazlygy görkezip bolar. Häzirki wagtda ABŞ bilen ÝS XXI asyryň iň uly ykdysady güýjüdir. Ýaponiýanyň ilatynyň tutuşlygyna alanyňda garraýan ilata öwrülmegi, Hytaýyň ykdysadyýetiniň ýokary ösüş depgini saklansa-da, ýurtda garyplyk meselesiniň entek doly çözülmezligi Atlantika ummanynyň iki gapdalynda ýerleşýän döwletleri garşydaşsyz galan güýçlere öwürýär. Häzirki wagtda taraplar ekerançylyk, uçar senagaty, sygyr eti, genetiki üýtgeşmä sezewar edilen azyk önümler, ykdysady gadaganlyklar, poladyň satylyşy, HPG-niň çäginde berilýän karzlar, salgyt syýasaty, nebit we gaz önümlerine goýulýan bahalar ýaly, örän köp meseleler boýunça oňuşmaýarlar. Aglaba bölegi söwda bilen baglanyşykly bu meseleleriň arasynda kök uran ykdysady aýratynlyklar, howpsuzlyk we daşary syýasat ýaly meseleler hem azlyk edenok.

Ýokardaky aýdylanlardan çen tutsaň, globallaşan ykdysadyýetleriň bir-birine hem howp salýandygy görünýär. Ýöne bu howp ösüp gelýän ýurtlaryň üstüne abanyp gelýän howp bilen deňeşdireniňde «hiç zat» bolup galyberýär.

Ykdysadyýetleriň sebitleşmegi – globallaşmagyň işjeň hereketiniň bir görnüşidir. Sebitleşme bellibir geografiki giňişlikde ýerleşýän ýurtlaryň önümçilikleriniň we bazarynyň bileleşdirilmegine aýdylýar. Başgaça aýdylanda, sebitleşme munuň özi ykdysady integrasiýalardyr. BSG-niň ähli agzalary ol ýa-da beýleki söwda ykdysady taraplara, integrasiýalara gatnaşyjylardyr. Sebitleşmä, söwda-ykdysady toparlara ýa-da integrasiýalara globallaşma jähtinden iki nukdaýnazardan seretmek bolar.

1. Sebitleşme globallaşmagyň başlangyç döwri bolup çykyş edýär. Önümçilikler ilki bir sebitde bileleşýär we dünýäniň beýleki sebitleri bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary güýçlendirýär.
2. Sebitleşme globallaşma prosesine gowşadyjy täsir edýär. Söwda-ykdysady toparlaryna gatnaşýanlaryň hemmesiniň beýleki bir integrasiýa gatnaşýan döwletler bilen bähbidi deň bolup durmaýar. Şeýle döwletler öz bähbidini gorap saklamak maksady bilen, dürli söwda düzgünlerini girizýärler. Bu bolsa halkara ylalaşyklaryň ýerine ýetirilmeginde, olaryň sazlaşdyrylmagynda bökdençlikleri döredýär.

Halkara ykdysady integrasiýalar geçen asyryň 90-njy ýyllaryndan başlap has ýiti häsiýete eýe boldy. Çünki integrasiýa girýän ýurtlar daşary söwda gatnaşyklaryny, ilkinji nobatda, öz aralaryna alyp barmaga ýykgyn edýär. Ýurtlaryň integrasiýalary döretmek bilen, esasy maksady hem şundan ybaratdyr. Häzirki wagtda dünýäniň iň kämil integrasiýasy bolan ÝS-iň ýurtlarynyň daşary söwdasynyň 18%-i bu topara girýän ýurtlaryň arasynda alnyp barylýar. Bu meýil häzirki wagtda dünýäniň beýleki sebitleýin söwda-ykdysady toparlary bolan NAFTA, EKO, GDA, ASEAN ýaly sebitleýin bileleşmelerde barha artýar.

Dünýä hojalygynyň sebitleýin ykdysadyýete bölünip başlamagy barha çalt amala aşýar. Munuň sebäbi bir integrasiýanyň beýleki bir integrasiýa bilen söwda gatnaşyklarynda deňsizligiň ýüze çykmagydyr. Mysal üçin, ÝS-iň daşary söwdasy dünýä söwdasynyň 40 göterimini tutýar. ÝS, ASEAN we NAFTA girýän ýurtlaryň arasyndaky söwda gatnaşyklarynda ASEAN-yň uly tapawuda eýedigini görmek bolýar. Bu tapawudy azaltmak üçin döwletler ýokarda agzalan çäreleri geçirip başladylar. Şonuň netijesinde Günorta Koreýanyň ABŞ-a eksporty ýylsaýyn azalýar. 2000-nji ýyllaryň

başynda koreý eksportynyň 33%-i amerikan bazaryna düşýärdi.

Söwda deňeçerligini gazanmak barada edilýän hereket, tersine gapma-garşylyklary ýüze çykarýar. Ýagny, ASEAN guramasyna girýän ýurtlaryň köpüsi ÝS we NAFTA-da öndürilýän senagat harytlaryna ýokary gümrük paçlaryny ulanýarlar. Emma özleri bu ýurtlaryň bazaryna öz senagat harytlaryny aňsatlyk bilen getirip bilýär. Şu ýagdaýlar dürli integrasiýalaryň arasynda söwda-ykdysady gatnaşyklaryň ösüşinde dürli bökdençlikleri döredýär.

Umuman alanymyzda, sebitleşme prosesi dünýä hojalygynda dürli ykdysady merkezleriň döremegine alyp barýar.

Globallaşma barada ykdysadyýetçileriň, alymlaryň, syýasatçylaryň arasynda entek bellibir netije ýok. Alymlaryň bir bölegi globallaşma zerur diýip hasap etse, beýleki bir topary zerur däl diýip hasap edýär. Sebäbi globallaşma adalgasy iki nukdaýnazardan öwrenilýär.

1. Syýasy-ideologiki.
2. Ykdysady.

Syýasy-ideologik nukdaýnazardan seredýänler globallaşma ýokary derejede ösen döwletleriň, has anygy ABŞ-nyň we ÝS-iň belli-belli ýurtlarynyň bähbitlerini yzarlaýar diýip hasap edýärler. Olaryň pikirine görä, globallaşmada esasy utuş gazanjak ýurt ABŞ diýip nygtaýarlar. ABŞ globallaşmagyň institutlary arkaly öz maksadyny amala aşyrýar. Ol institutlar (BSG, HPG, BB) amerikan hökümetiniň gözegçiliginde bolup, olaryň üsti bilen harytlaryň, hyzmatlaryň, kompaniýalaryň hereketini ýeňilleşdirmek, hususylaşdyrma, harytlaryň we hyzmatlaryň bahasyny ABŞ-nyňky bilen deňleşdirmek, dünýä söwdasyny bir walýutada amala aşyrmak, diňe amerikan söwda düzgünlerini ulanmagy ýola goýmakdyr. Munuň netijesinde bolsa dünýäni diňe bir merkezden dolandyrmak meýli durýar. Bu mesele dil, din, kanunçylyk, harby meýilleri hem öz içine alýar.

Birinji garaýşyň wekilleriniň esaslandyrmalary bilen ylalaşman bolmaz. Dünýä hojalygynda bolup geçýän häzirki ýagdaýlar dünýä söwdasynyň 70 göterime golaýynyň amerikan walýutasynda amala aşyrylmagy, iňlis diliniň barha giň gerime eýe bolmagy, NATO-nyň barha giňemegi bu aýdylanlara şaýatlyk edýär.

Ykdysady garaýşyň wekilleri bolsa globallaşma ykdysady kanunalaýyklyk diýip hasap edýärler. Olar globallaşma milli hojalygyň kapitala, tehnologiýa bolan islegini kanagatlandyrýar. Bäsleşige ukypsyz harytlary öndürýän önümçiligiň aýrylyp, ýokary tehnologiýaly, bäsleşige ukyply önümçilik ýola goýulýar. Netijede, milli ykdysadyýet barha kuwwatlanýar we hödürleme köpelýär diýip hasap edýärler.

Elbetde, ilkinji topara girýän wekilleriň garaýşy bilen hem ylalaşman bolmaz.

Globallaşma ösüş ýolunda birnäçe kynçylyklara duçar bolýar. Globallaşma garşy çykyşlar örän ýitileşýär. Özlerini antiglobalistler diýip atlandyrýan toparlar bu prosese örän ýiti garşy çykýarlar. Olaryň içinde dürli kärdäki adamlar hersi öz ugry boýunça bu prosesiň amatsyz taraplaryny öňe sürýärler. (Biz bu ýerde diňe ykdysady taýdan globallaşma garşy çykýanlar barada durup geçeris).

Halkara ykdysadyýetçileri aýry-aýry ykdysadyýetleriň globallaşmagynyň öňüni almagyň zerurdygyny aýdýarlar. Ýöne häli-häzire çenli bu ugurdaky esasy hereketleri welin, özlerini «antiglobalistler» diýip atlandyrýan topar has aýgytly hereketleri alyp barýar. Bu topar globallaşmaga ýeke bir sözde garşy çykman, eýsem her ýyl özüniň ykdysady forumyny hem geçirýär. Bu forum 1997-nji ýylda Şweýsariýanyň Dawos uniwersitetiniň professory Klaus Şwabyň ýolbaşçylygynda üç talybyň gatnaşmagynda döredilipdi. Häzirki döwürde özleriniň tarapdarlarynyň barha artmagyny forumy döredijiler özleriniň üstünligi hasap edýärler.

Bu forumy döredijiler Bütindünýä Söwda Guramasyna (BSG) we Halkara Pul Gaznasyna (HPG) hem garşy çykýarlar. Ösüp gelýän ýurtlaryň HPG-a bergileriniň yzygider artyp gelmegi bular bilen ylalaşmaga mejbur edýär.

Olar (antiglobalistler) Bütindünýä Söwda Guramasyna agza döwletleriň birtaraplaýyn utuş gazansalar, beýleki bir tarapdan utulýandyklaryny nygtaýarlar. BSG-niň esasy roly dünýä söwdasyny düzgünleşdirmekden, ozaly bilen gümrük salgytlaryny peseltmekden ybaratdyr. Bu ýagdaýda-da ösüp gelýän ýurtlar tereziniň pes tarapyndan bolup çykýarlar. Sebäbi bu ýurtlaryň daşary söwdalarynda daşyna satýan harytlaryndan, daşyndan getirýän harytlary agdyklyk edýär. Munuň özi ösüp gelýän ýurtlaryň ýene-de utulmagyna getirýär. Ýagny, serhetleriň harytlar üçin açylmagy bäsleşige ukyply harytlaryň ösüp gelýän ýurduň bazaryna arkaýyn aralaşmagyna şert döredýär. Mysal hökmünde, Gyrgyzystany alyp göreliň. BSG-niň agzalygyna kabul edilenden soň, onuň düzgünlerine laýyklykda ilkinji nobatda azyk harytlaryna salynýan gümrük paçlaryny aýyrmaly bolupdy. Gazagystandan we Russiýadan gelýän bugdaý ýerli bugdaýdan has arzan we ýokary hilli bolup, ýerli daýhanlaryň önümlerinden bäsleşikde üstün çykdy. Netijede, Gyrgyzystanyň öz içinde öndürilen bugdaýa islegiň bolmazlygy zerarly ýurduň daýhanlarynyň 23%-i işsiz galdy.

Getirilen mysallardan görnüşi ýaly, antiglobalistleriň aýdýanlarynyň hakykatdan daş düşmeýändigini görmek bolýar. Ýöne olar hem bu prosesiň nähili ýagdaýda üstünlikli çözüp boljakdygynyň anyk ýoluny salgy berip bilmeýärler.

Umuman, globallaşma barada entek anyk netijäni öňünden aýtmak örän

kyn. Çünki bu mesele entek bişişmedik, doly ýüze çykmadyk meseledir. Şonuň üçin globallaşma adalgasynyň peýdalydygy ýa-da zyýanlydygy barada gapma-garşylykly çekişmeleriň häli-şindi ýüze çykýanlygy öz-özünden düşnüklidir.

Biziň pikirimizçe, globallaşma dünýä hojalygynyň ösüş taryhynda täze bir etap hökmünde baha berýäris. Bu proses haýsydyr bir döwletiň emeli döreden problemasy däldir. Bu proses dünýä hojalygynyň öz ösüşinde (dialektikasynda) ýagny – tebigatyň we adamzat jemgyýetiniň elmydama hereket edýän we üýtgäp durýan kanunlaryna laýyk ösüş ýolundaky bir döwürdir. Bu ösüşden çetde durup ýa-da ondan sowlup bolmaýar. Ol ösüşe diňe özüň üçin amatly ýagdaýda goşulyşmak ýoly galýar. Ynha, şu ýoly gözlemek biziň ykdysadyýetimiziň öňündäki zerur meseleleriň biri bolup durýar.

## 5.2. Globallaşma şertlerinde Türkmenistanyň dünýä hojalygyna amatly ýagdaýda goşulmagynyň esasy ugurlary

Dünýä hojalygynda bolup geçýän häzirki ýagdaýlar biziň milli ykdysadyýetimizden sowa geçmeýär. Çünki milli ykdysadyýetimiz dünýä hojalygynyň bir ülşüdir. Eýsem dünýä hojalygynda şeýle hadysalaryň bolup geçýän häzirki ýagdaýynda milli ykdysadyýetimizi, bu howpdan sowlup geçmegi we dünýä hojalygynda özüniň mynasyp ornuny tapmagyň ýoly nähili ýagdaýda alnyp barylýar?

Islendik milli ykdysadyýet daşary söwda bilen baglanyşyklydyr. Ýurduň dünýä hojalygyndaky orny onuň daşary söwdasynyň möçberi bilen kesgitlenýär. Eger-de ýurduň daşary söwdasy näçe uly bolsa, onda ol dünýä hojalygyna şonça integrirlenen we tersine, daşary söwda näçe pes bolsa, şonça hem baglanyşyk gowşakdyr.

Eksportyň ýokarlanmagy milli ykdysadyýetiň ösüşine oňaýly täsir edýär. Sebäbi eksport edilen harytlar ilki milli hojalykda öndürilýär, soňra ýurduň daşyna iberilýär. Başgaça aýdanymyzda eksport edilen harytlar jemi içerki önümiň bir bölegidir. Şonuň üçin JIÖ-niň eksportlyk bölegi artýan bolsa, onda ol durnukly ykdysady şertlerde jemi içerki önümiň hem ösüşini üpjün edýär.

Dünýä hojalygynyň şeýle dartgynly pursatlary başyndan geçirýän häzirki ýagdaýynda milli ykdysadyýe-

timiz ýokary depginler bilen ösmegini dowam etdirýär. Aýratyn bellemeli ýagdaýlaryň biri hem dünýä ykdysadyýetinde häzirki dowam edýän örän çuňňur maliýe-ykdysady çökgünligine garamazdan, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ýokary ösüş depginini saklamagyny dowam etdirýänligidir. Häzirki çökgünlik zerarly dünýä döwletleriniň köpüsinde ykdysady ösüş düýbünden togtady. Ösen ýurtlaryň köpüsinde ýurduň jemi içerki önümi çökgünlikden öňki döwür bilen deňeşdireniňde, ortaça 30–35 göterim pese gaçdy. Emma milli ykdysadyýetimiz 2013-nji ýylda 110,2 göterim derejede ösmegi başardy. Şeýle kyn şertlerde ýokary derejede ykdysady ösüşi gazanmagymyzyň sebäbi nämede? Elbetde, bu soragy hormatly Prezidentimiziň döwrebap özgertmeleri durmuşa ornaşdyrýandygy bilen düşündirmek bolar.

Milli Liderimiziň ykdysadyýetimizi, daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy, hususan-da eksportymyzy gysga wagtyň içinde şeýle çalt depginler bilen ösmegine getiren kämil özgertmeleriniň esasy özeni nämeden ybarat? Ilkinji nobatda milli Liderimiziň hut özüniň başda durmagynda ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň esasy ugurlary kesgitlenildi. Aýratyn ähmiýet berlen bu pudaklar ýakyn wagtyň içinde uly ösüşe eýe boldy. Bulara degişli pudaklarymyzyň önümleri bolan tebigy gaz, nebit we nebit önümleri, tekstil önümleri, elektrik energiýasy we ş.m. daşary bazarlara satylyşy möçber we baha taýdan barha artyp başlady. Mysal üçin, gazyň satylyş möçberi bilen bir hatarda onuň bahasy hem ýokarlanyp başlady. 2008-nji ýylyň birinji ýarym ýylynda gazyň her müň kub metriniň bahasy 130 dollardan, ikinji ýarym ýylynda 150 dollardan satyldy. 2007-nji ýylda bu görkeziji 100 dollara barabar boldy. Ýurdumyzda tebigy gazyň satylyşy her ýyl artdyrylýar. Munuň üçin ulag gurşawynyň ösdürilmegi zerurdyr. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň hut özüniň ýolbaşçylygynda halkara ähmiýetli geçiriji turbalaryň, gara we demir ýollaryň gurluşygy güýçli depginlerde alnyp barylýar. Bu aýdanlarymyza aýdyň mysal hökmünde Türkmenistan − Hytaý gaz geçirijisini we Eýrana çekilen gaz geçirijiniň ikinji şahasyny görkezmek bolar. Halkara dürli ulag ýollarynyň gurulmagy ýurdumyzyň daşary gatnaşyklaryny ösdürmäge giň ýol açýar. Ýurdumyzyň daşary gatnaşyklarynyň, hususan-da eksportynyň artmagy, ýurdumyza gelýän daşary ýurt gyzyl pulunyň barha artmagyna getirýär.

Şol bir wagtyň özünde hem ýurdumyzda bilim, ylym pudagyny ösdürmäge aýratyn üns berlip başlandy. Hormatly Prezidentimiziň döwlet baştutany hökmünde ilkinji gol çeken karary hem ýurdumyzda bilim we ylym ulgamyny kämilleşdirmek barada bolupdy. Munuň özi ýurdumyzda täze bir döwrüň daňynyň atandygynyň buşlukçysy bolupdy. Indi bize dünýä-

niň iň öňdebaryjy ýurtlarynyň ösen tehnologiýasyny özleşdirmäge, gündelik durmuşymyza ornaşdyrmagymyza, ony has kämilleşdirmegimize uly mümkinçilik döredildi. Munuň özi şu günüň derwaýyslygydyr. Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, globallaşma gözbaşyny YTP-iň ösüşinden alyp gaýdýar. Hut şonuň üçin hem hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda bu pudaklary ösdürmäge örän uly ähmiýet berýär. Bu ugra goýberilýän serişdeler ýylsaýyn artdyrylýar. Munuň özi ýurdumyzda täze tehnologiýalary özleşdirmäge, tehnologik açyşlaryň çaltlanmagyna getirjek esasy ugurlaryň biri bolup durýar. Ýurdumyzda bilim, ylym ulgamyny ösdürmekde döwlet derejesinde başga-da birnäçe işler alnyp barylýar. Ol işlere mysal hökmünde, her ýyl geçirilýän «Ýaş alymlaryň ylmy bäsleşigini» görkezmek bolar. Bu bäsleşigiň esasy maksady ýaş nesilleri ylym bilen baglanyşykly işlere has giňden çekmekden ybaratdyr. Ýurtda akyl zähmetini çekýänleriň barha köpelmegi, olaryň zähmetiniň ýerlikli ulanylmagy, globallaşma howpundan sowulmagyň esasy ýollarynyň biridir. Şonuň üçin hormatly Prezidentimiz «Men halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagynyň aýdyň kepilini ýurdumyzda bilim, ylym ulgamynyň kämilleşmeginde görýärin» diýip nygtaýar.

Hormatly Prezidentimiziň ykdysady özgertmelerindäki ýene-de bir aýratynlyga üns bermelidiris. Ol hem ýurdumyzyň möhüm pudaklaryny ösdürmekde ýerli maýanyň daşary ýurt maýasyndan agdyklyk etmegidir. Elbetde, bizde hem daşary ýurt maýasyny çekmäge uly üns berilýär. Has takygy, bu ugurdaky alnyp barylýan işlere hormatly Prezidentimiziň hut özi tarapyndan ýolbaşçylyk edilýär. Şeýle hem bolsa möhüm hasap edilýän pudaklarymyzdaky daşary ýurt maýasy ýerli maýa bilen deňeşdireniňde ujypsyzdyr. Girdejilerimiziň agramly bölegini hasyl edýän pudaklarymyzda milli serişdelerimiziň agdyklyk etmegi ýurdumyzy daşary ýurt maýasyna bolan garaşlylygy aradan aýyrýar. Bu pudaklaryň öndürýän önümleriniň daşary bazarlara ugradylyşynyň barha artmagy ykdysadyýetimiziň ösmegi üçin zerur bolan gyzyl puluň ýyl-ýyldan artyp durmagy üpjün edýär. Pudaklarymyzyň ösüşiniň we daşary ýurtlara haryt satmagymyzyň açyk keşbi «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry milli Maksatnamamyzda» aýdyň suratlandyrylýar. Milli Maksatnamalarymyzyň durmuşa ornaşdyrylmagy globallaşan ykdysadyýetleriň ösüp gelýän ýurtlara salýan howpunyň biziň ykdysadyýetimize hem abanmagyny aradan aýyrýar.

Sözümizi jemläp aýtsak, hormatly Prezidentimiz ykdysadyýete parasatlylyk, öňdengörüjilik bilen ýolbaşçylyk edilende oňa hiç-hili howpuň abanmaýandygyny dünýä jemgyýetine subut etdi. Bu ýagdaý bolsa ösüp gelýän ýurtlar üçin görelde alarlyklydyr.

Belki-de, globallaşan ykdysadyýetleriň salýan howpundan sowlup geçmegiň bir ýoluny hormatly Prezidentimiziň ykdysady özgertmelerinden gözlemelidir. Bu soragyň jogabyny bolsa, elbetde, geljekki ýyllar görkezer.

## 5.3. Dünýä ykdysadyýetiniň sebitleşmegi we integrasiýalar

Halkara söwdasy barha ösýär we giňeýär. Dünýä söwdasynyň häzirki ösüş meýlinden görnüşi ýaly, döwletler ilki bilen bir sebitde, goňşuçylykda ýerleşen ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge ýykgyn edýärler. Ýurtlaryň goňşuçylykda ýerleşýän döwletler bilen söwda gatnaşyklaryny ösdürmegine dünýä ykdysadyýetiniň sebitleşmegi diýilýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň agramly bölegi goňşy we sebit ýurtlarynyň paýyna düşýär.

Ösüp gelýän ykdysadyýeti geçiş häsiýetli ýurtlar daşary syýasatda köplenç ösen ýurtlar bilen gatnaşyklara uly üns berýärler. Mysal üçin, Afrika ýurtlarynyň özara söwdasynyň möçberi umumy söwdasynyň 15%-ne deňdir. Emma ösen döwletler sebitiň ýurtlaryna uly üns berýärler. Mysal üçin, ABŞ-nyň we ÝS-iň daşary gatnaşyklarynyň 40%-den gowragy sebit ýurtlarynyň paýyna düşýär. Şeýle ýagdaý göni maýa goýumlarda hem dowam edýär. Häzirki wagtda ABŞ-nyň göni maýa goýumlarynyň 1/3 bölegi Amerika yklymynda ýerleşýän ýurtlaryň paýyna düşýär. Harytlaryň, hyzmatlaryň, kapitalyň sebitleşme meýli birnäçe şertler bilen düşündirilýär. Olara daşary ýurt bazaryndaky bäşleşigiň gümrük salgydynyň ýokarylygy, özara walýuta-hasaplaşyk işleriniň çylşyrymlylygy degişlidir.

Bilimiň we ylmyň gazananlary beýleki ykdysady gatnaşyklara garanyňda sebitleşme derejesi pesdir. Ýokary tehnologiýalar, esasan, günbataryň ösen ýurtlarynyň elindedir. Olary import edýän bolsa Ýaponiýa we beýleki Aziýa ýurtlarydyr.

Işçi güýjüniň sebitleşmegi ýokary häsiýete eýedir. Hindistanyň, Pakistanyň, Ýemeniň we Müsüriň işçileri esasan nebiti gazyp alýan arap ýurtlaryna, polýaklar, türkler, alžirliler Günbatar Ýewropa ýurtlaryna, GDA ýurtlary Russiýa, Latyn amerikalylar Demirgazyk Amerika gidýärler.

Sebitleşme häzirki döwürde barha giň gerime eýe bolýar. Soňky onýyl-

lyklarda sebit içre we sebitara, ykdysady gatnaşyklar barha ýygjamlaşýar. Bilermenleriň pikirine görä, sebitleşme bellibir derejede globallaşmagyň hereketini haýalladýar diýip hasap edýärler. Ýöne dünýä ykdysadyýetiniň häzirki ösüş meýli barha bütewüleşmäge, ýeke-täk, umumy bazara tarapdyr. Şonuň üçin sebitleşme globallaşmanyň hereketini bökdemän, onuň ýolundaky ösüş döwrüdir.

Sebitleşme öz gezeginde halkara ykdysady integrasiýalara daýanýar. Ykdysady integrasiýa – munuň özi durnukly ykdysady ösüşi gazanmak, özara ykdysady gatnaşyklary ösdürmek, ykdysadyýetleriň bir-birine baglanyşygyny güýçlendirmek üçin bir sebitde ýerleşýän hojalyk birlikleriniň alyp barýan işine aýdylýar. Bu işe demirgazyk amerikan we günbatar ýewropaly kompaniýalaryň özara hereketi mysal bolup biler.

Integrasion birleşme diýlip, integrasiýa gatnaşýan ýutlaryň hojalyk birlikleriniň gatnaşyklaryny döwlet derejesinde sazlaşdyrylmagyna, düzgünleşdirilmegine düşünilýär. Şeýle integrasion birleşmelere ÝS, GDA degişlidir.

Halkara ykdysady integrasiýa we integrasion birleşmeler düşünjesinden şeýle netije gelip çykýar. Integrasiýa gatnaşýan ýurtlaryň hojalyk birlikleriniň arasynda düýpli, çuňňur ykdysady gatnaşyklar bolmasa, integrasion birleşmeleri döredip bolmaýar. Afrika ýurtlarynyň ýolbaşçylarynyň birnäçe gezek duşuşandyklaryna garamazdan, bu yklymda integrasion birleşmeleri döretmek başa baranok.

Syýasy maksat bilen döredilen integrasiýa hem birleşip bilmeýär. Integrasiýalaryň taryhyndan belli bolşy ýaly, Özara Ykdysady Kömek Soweti (ÖYKS) sosialistik ulgamyň ýykylmagy bilen derrew dargady. NAFTA gatnaşyklary döwlet derejesinde sazlaşdyrylmaýandygy sebäpli bu integrasiýa edil ÝS ýaly ösüp bilmeýär.

Integrsion birleşmelere ykdysady ösüşiň dürli derejesindäki ýurtlar gatnaşyp biler. Ýurtlaryň ykdysady ösüşiniň derejesi hojalyk birlikleriniň arasyndaky gatnaşyklary bökdemeýär. Mysal üçin, ÝS-iň ýurtlarynyň ösüş derejesi biri-birinden tapawutlydyr. Bu tapawut aýratyn-da Merkezi, Gündogar Ýewropa ýurtlarynda has ýiti ýüze çykýar.

Umuman, ýurtlaryň integrasiýalara birleşmek meýliniň barha ýokarlanmagy dünýä ykdysadyýetiniň häzirki ösüş meýilleriniň biridir.

## 5.4. Hakyky we maliýe sektorlarynyň gatnaşygynyň üýtgemegi

Häzirki dünýä hojalygynda maliýe sektorynyň paýy yzygiderli ýokarlanýar. Netijede, ýurtlaryň ykdysady ýagdaýy, öndürilýän harytlaryň we hyzmatlaryň möçberi bilen däl-de, döwlet bergileriniň möçberi bilen ölçenilýär.

Maliýe sektory ykdysadyýetiň düzüm bölegi bolup, munuň özi ýurduň maliýe kapitalydyr. Kapital, adatça, iki görnüşde çykyş edýär. Hakyky (real) kapital we maliýe kapitaly. Hakyky kapital harytlary we hyzmatlary öndürýär, şeýle hem oňa esasy fondlar, esasy serişdeler bolan jaýlar, binalar, maşynlar, enjamlar, ulag serişdeleri, geçiriji serişdeler, gurallar, köpýyllyk agaçlar, mallar, ygtyýarnama we patent görnüşindäki material däl aktiwler, peýdalanylýan ýerler, söwda markasy, söwda bergisi, önümçilik çig mallarynyň gory, ýarym fabrikatlar, gutarylmadyk önümçilik, ýüklenilmedik we gaýtadan satmaga niýetlenen harytlar degişlidir. Maliýe kapitalyna hojalyk işine hyzmat edýän nagt, bank hasaplaryndaky we depozitlerindäki pullar, şeýle-de gymmat bahaly kagyzlar degişlidir.

Maliýe kapitaly hojalyk işiniň netijesinde ahyrky hasapda hakyky kapitala öwrülýär. Maliýe kapitaly hakyky kapitala öwrülýänçä öz kanunlary boýunça hereket edýär.

Ykdysadyýet önümçilik harytlaryna we maliýe däl hyzmatlara daýanýar. Maliýe sektory maliýe kapitalyna hyzmat edýär, ony emele getirýän döwlet we hususy banklara, gazna we salgyt edaralaryna, ätiýaçlandyryş, pensiýa, gymmat bahaly kagyzlar biržalaryna daýanýar.

Hakyky we maliýe sektory bir-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Ykdysadyýetiň barha ösmegi bilen ol barha çylşyrymlaşýar. Netijede, maliýe sektorynyň ähmiýeti barha ýokarlanýar. Eýsem, bu ýagdaý nähili bolup geçýärkä? Döwletleriň hakyky sektora ünsi güýçlendirmegi netijesinde maliýe sektoryna bolan isleg ýokarlanýar. Munuň özi maliýe kapitalynyň ýetmezçiligine getirýär. Ösen ýurtlar uzak wagtyň dowamynda hakyky sektory ösdürmek bilen, maliýe sektorynyň ösüşini gazandylar. Emma hojalyk işiniň barha çylşyrymlaşmagy bilen ösen ýurtlarda maliýe kapitalyna bolan isleg barha ýokarlanýar. Mysal üçin, gymmat bahaly kagyzlaryň möçberini we satylyşyny giňeltmek işi (bu işe sekýuritizasiýa diýilýär, iňlisçe security – «gymmatbahaly kagyz»). DJÖ-niň ýokarlanmagyna getirýär. 2004-nji ýylda DJÖ 100 trillion dollar bolan bolsa, gymmat bahaly kagyzlaryň bahasy 95 trilliona deň boldy. Onuň 37 trilliony paýnamalar, 58 trilliony bergidarlyk gymmat bahaly kagyzlardyr.

Maliýe sektorynyň özbaşdak häsiýete eýe bolmagy içerki we daşarky sebäpler bilen baglanyşyklydyr. Maliýe sektory ýurduň hakyky sektorynyň ýagdaýyny açyp görkezmek bilen çäklenmän, oňa gös-göni täsir edýär. Mysal üçin, 1990-njy ýyllarda Ýaponiýada ýüze çykan maliýe krizisi ýurduň hakyky sektorynyň yzygiderli pese gaçmagyna getirdi.

Dünýä ykdysadyýeti häzirki wagtda harytlara we hyzmatlara däl-de, ösen ýurtlaryň maliýe sektoryna mätäçdir. Sebäbi dünýäniň maliýe kapitaly ösen ýurtlaryň elinde jemlenendir. Häzirki wagtda amerikan dollarynyň kursunyň pese gaçmagy, döwlet býujetiniň ýetmezçiligi, daşary söwdasynda importyň eksportdan agdyk bolmagy beýleki ýurtlar üçin howsala döredýär. Çünki dünýäniň maliýe kapitalynyň agramly bölegi amerikan dollarynda jemlenendir.

Ýurdumyzyň hakyky sektorynyň yzygiderli ösmegi, eksportymyzyň importymyzdan agdyklyk etmegi, daşary ýurt maýasynyň milli ykdysadyýetimize çekilişiniň yzygiderli ýokarlanmagy maliýe sektorynyň barha kuwwatlanmagyna getirýär.

Dünýä ykdysadyýetiniň globallaşmagynyň, sebitleýin integrasiýalaryň ösmegi, ykdysadyýetleriň halkaralaşmagy transmilli korporasiýalarynyň üsti bilen amala aşyrylýar. TMK-lar golçur (doçernyý), üzňeleşen (assosirlenen) we dürli ýurtlarda ýerleşen şahamçalardyr bölümleri özüne jemleýär. Baş kompaniýa ýurduň daşyndaky we içindäki hojalyk birliginiň esaslyk maýasynyň (ustaw kapitaly) 10%-den az bolmadyk bölegine eýelik edýän kompaniýa düşünilýär. Golçur kopmaniýanyň 50%-i baş kompaniýa degişlidir. Üzňeleşen hojalyk birliginiň 10%-den 40%-e çenlisi baş kompaniýa degişlidir. Bölümleriň hiç-hili ýuridiki güýji bolman, tutuşlygyna baş kompaniýanyň ygtyýaryndadyr.

Ýigriminji asyryň başlarynda TMK-laryň sany onçakly köp däldi. Olaryň sany geçen asyryň ikinji ýarymyndan soň dünýä ykdysadyýetiniň güýçli ösmegi bilen artyp başlady. Häzirki wagtda TMK-laryň 70 müňden gowragy bolup, olaryň dünýä döwletlerinde 700 müňden gowrak şahamçalary hereket edýär. TMK-laryň baş kompaniýalary ösen ýurtlarda ýerleşýär. Ösüp gelýän we geçiş häsiýetli ýurtlarda hem TMK-lar döräp başlady. Olaryň sanynyň çalt artmagy ykdysadyýetleriň halkaralaşmagyna we erkinleşmegine getirýär. Ösen aragatnaşyk pudagy baş kompaniýalara dünýäniň dürli künjeginde ýerleşen şahamçalarynyň işine gündelik gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär.

Daşary ýurtlardaky şahamçalarynyň üsti arkaly TMK-laryň milli ykdysadyýete aralaşmagy ýeňilleşýär. Onuň üsti bilen bu iri birlikleri harytlaryny, hyzmatlaryny, telekeçilik ukyplaryny, göni maýa goýumlaryny ýerleşdirmäge mümkinçilik döredýär. Önümçilik we ýerleşdiriş nokatlaryny kö-

peltmek arkaly TMK-laryň bäsdeşlik ukyby barha ýokarlanýar.

TMK-laryň dünýä ykdysadyýetindäki işiniň barha güýçlenmegine transmillileşme diýilýär. Häzirki wagtda DJÖ 20%-e çenlisi we dünýä söwdasynyň 3/1 bölegi TMK-laryň we olaryň şahamçalarynyň paýyna düşýär.

Örän iri hojalyk birlikleriniň ol ýa-da beýleki milli ykdysadyýet bilen, käbir halatda öz degişli ýurdunyň ykdysadyýeti bilen, integrasiýalar we halkara ykdysady guramalar bilen bähbidi hemişe gabat gelip durmaýar. Şeýle-de bolsa olaryň dünýä ýüzündäki şahamçalarynyň sany yzygiderli ýokarlanýar. TMK-laryň şahamçalarynyň daşary ýurtlarda ýerleşmeklerine ony kabul edýän we ugradýan döwletler hem, TMK-laryň özleri hem gyzyklanýar. Baş kompaniýanyň ýerleşýän ýurduna harydy, hyzmaty, kapitaly, yzygiderli eksport etmäge mümkinçilik döreýär. Kabul edýän ýurt täze tehnologiýalara, maýa goýuma, täze iş orunlarynyň döremegine isleg bildirýär. TMK-lar bolsa öz baýlyklaryny artdyrýarlar. Olar çet ýurt ykdysadyýetinde erkin hereketini üpjün etmegi üçin ýerli hökümetiň kanuny razylygyny alýarlar. Käbir halatlarda gysyş görkezip, öz bähbitlerini araýan kanunlaryň girizilmegini hem gazanýarlar. Munuň özi TMK-lary dünýä hojalygynda wajyp subýekte öwrülendigini we dünýä hojalygynyň esasy mehanizmine öwrülendigini tassyklaýar. TMK-lary emele getirýän firmalaryň özara (firma içre) söwdasynyň ösmegi dünýä söwdasynyň ösmegine, ýurtlaryň daşary syýasatlarynyň erkinleşmegine getirýär. Netijede, TMK-lar üçin tutuş dünýä hojalygy harydyň, hyzmatyň, kapitalyň, işçi güýjüniň, ylmyň gazananlaryny ýaýratmakda ýeke-täk, umumy giňişlik hökmünde çykyş edýär.

## 5.5. Dünýä ykdysadyýetiniň liberallaşmagy

Dünýä hojalygynyň häzirki ösüş meýilleriniň biri hem milli ykdysadyýetleriň liberallaşmagydyr (erkinleşmegidir).Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan sazlamak ýigriminji asyryň başlarynda güýçlenipdi. Geçen asyryň ahyrlarynda bolsa, döwletleriň ykdysadyýetindäki paýy azalyp başlady. Millileşdirme hususylaşdyrma bilen çalşyrylýar. Döwletiň bahalara edýän gözegçiligi gowşap, belli-belli pudaklara goýberilýän subsidiýalar azalyp başlady.

TMK-laryň işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek has pese gaçdy. Döwletiň hojalyk işini düzgünleşdir-

mekdäki paýynyň azalmagyna ykdysady işiň liberallaşmagy (ýa-da deregulirowaniýa) diýilýär. Içerki we daşarky liberallaşmany tapawutlandyrmaly.

Häzirki wagtda içerki ykdysadyýetiň liberallaşmagy ykdysadyýeti geçiş häsiýetli ýurtlarda has güýçli bolup geçýär. Bu ýurtlarda ozalky döwlet emlägi hususylaşdyrylýar, erkin bahalara geçirilýär, bazar ykdysadyýetiniň kanunlaryndan ugur alnyp başlandy. Liberallaşma Latyn Amerikasy we Afrika ýurtlarynda hem barha işjeňleşýär.

Şol bir wagtyň özünde JIÖ-niň düzüminde döwlet harajatlarynyň azalmagy döwlet institutlarynyň ykdysadyýeti düzgünleşdirmekdäki işiniň pese gaçýandygyny aňlatmaýar. Döwlet bu ýerde pudaklara göni eýeçilik etmän, olary karz, subsidiýalar bilen üpjün edýär, aýlyk haklarynyň derejesini belleýär. Hususyýetçileriň, paýdarlaryň kanuny hukuklaryny kepillendirýär, ony goraýar. Şeýle hem salgytlaryň ýygnalyşyna, döwlet býujetiniň ýetmezçiligine, milli walýutanyň kursuna, içerki we daşarky bergileri, ykdysady jenaýata garşy göni we gytaklaýyn düzgünleşdiriş işlerini geçýär. Döwletiň bazar infrastrukturasyny gowşak ösdürmegi gizlin yykdysadyýetiň we ykdysadyýetdäki jenaýatyň ösmegine getirýär. Bütindünýä banklarynyň bellemegine görä, döwletiň bir tarapdan ykdysadyýetindäki paýynyň azalmagy, beýleki tarapdan, döwlet institutlarynyň işiniň güýçlendirilmegi netijesinde durnukly ykdysady ösüşi gazanmak bolýar.

Ösen ýurtlarda JIÖ döwlet harajatlarynyň paýynyň durnuklylaşmagy uzak ýyllaryň netijesidir. Ösen ýurtlarda döwlet harajatlary, esasan, ylma, sosial-medeni (bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, sosial üpjünçilik) ýaly, pudaklara gönükdirilýär. Şol bir wagtyň özünde ozalky döwlet kärhanalary hususylaşdyrylýar, döwlet belli-belli pudaklary, aýry-aýry harajatlary we hyzmatlary düzgünleşdirmekden düýpgöter el çekdi. Ösen döwletleriň tejribesinden şeýle netije çykarmak bolar. Ýagny, döwlet ozalky güýçli gatyşýan pudaklardan çetleşýär we tersine, ozalky az gatyşýan ugurlary bolan sosial-medeni ulgamda döwlet harajatlary barha ýokarlanýar. Deňeşdirilende, postindustrial ykdysadyýetli döwletleriň içerki hojalyk işi has liberal häsiýete eýedir.

Bazar gatnaşyklary näçe ösdügiçe, milli hojalyklar şonça-da liberallaşýar. Dünýä hojalygy bir ulgama geçýär. Ösüp gelýän döwletleriň hemmesi diýen ýaly bazar ykdysadyýetini döretmäge çalyşýar. Munuň özi milli ykdysadyýetleriň içerki hojalyk işleriniň barha liberallaşýandygyny görkezýär.

Ösen döwletlerde daşary ykdysady gatnaşyklary kämilleşdirmek 1960-njy ýyllardan başlady. Proteksionizm syýasatyndan ýuwaş-ýuwaşdan el çekilip başlanyldy. Daşary gatnaşyklar, esasan, gümrük salgydy arkaly düz-

günleşdirilýär. Häzirki wagtda ösen döwletlerde gümrük salgydy yzygiderli peselýär. Kapitalyň, ygtyýarnamalaryň halkara söwdasy barha ösýär. Ýöne bu ýagdaý hemme ýurtlaryň proteksionizmden el üzendigini aňladanok. Hatda ösen ýurtlarda hem belli-belli pudaklarda bu syýasat ulanylýar. Munuň özi ýerli öndürijini goramak maksady bilen alnyp barylýar.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe biziň milli ykdysadyýetimiziň daşary ykdysady gatnaşyklary barha liberallaşýar. Munuň özi ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň barha giňeýändigini görkezýär.

## 5.6. Postindustrial ykdysadyýetleriň ýüze çykmagy

Dünýä ykdysadyýetiniň häzirki ösüş meýilleriniň biri hem postindustriallaşmadyr. Eýsem-de, postindustrial ykdysadyýet nämäni aňladýar? Bu adalga adamzadyň taryhyndaky ösüş döwürlerini öz içine alýar. Umuman alanymyzda, postindustrial adalga düşünmek üçin ony üç döwre bölüp, öwrenmek ýerlikli bolar. Postindustrial adalgasy XXI asyrda emele gelýär. Onuň mazmuny industriallaşan (senagatlaşan) jemgyýetden postindustrial jemgyýete geçmegi aňladýar.

Adamzat taryhyndaky iň uzaga çeken ösüş ýoluna senagatlaşmadan öňki döwür diýlip atlandyrylýar. Oňa başgaça ykdysadyýetiň birinji sektory hem diýilýär. Bu jemgyýet oba, tokaý hojalygy, awçylyk we balykçylyga esaslanýar. Bu sektor häzirki wagtda hem ösüp gelýän döwletleriň köpüsinde hereket edýär.

Ikinji döwür bolan senagatlaşma XVIII asyrdan başlap ýüze çykýar we ösen ýurtlarda XX asyryň ortalaryna, käbir ösüp gelýän ýurtlarda XX asyryň ahyrlarynda tamamlanýar.

Industrial senagat, esasan, senagata we gurluşyga daýanyp, oňa başgaça ykdysadyýetiň ikinji sektory hem diýilýär.

Ykdysadyýetiň üçünji sektoryna bolsa postindustriallaşma diýilýär. Bu sektoryň esasy aýratynlygy ykdysadyýetde hyzmat sferasynyň paýynyň çalt depginler bilen ösmegine aýdylýar. Häzirki wagtda hyzmat sferasy dünýä hojalygynda çalt depginler bilen ösýän pudak bolup, onuň ösüş meýli tutuş dünýä hojalygy üçin mahsusdyr.

Hyzmat sektorynyň çalt depginler bilen ösmegi ozaly bilen bilimiň, ylmyň, medeniýetiň, senagatyň, saglygy goraýşyň, ýaşaýyş jaý hojalygynyň, dur-

muş hyzmatlarynyň, sosial üpjünçiligiň, dynç alyş infrastrukturasynyň hasabyna gazanylýar. Häzirki wagtda Türkmenistanda bu pudaklar sosial-medeni sfera diýlip hem atlandyrylýar. 2008-nji ýylda bu pudagyň girdejisi 1578,1 million manada deň boldy. Deňeşdirme hökmünde alsak, 2000-nji ýylda bu görkeziji 175,6 million manada deň bolupdy.

Senagatlaşmadan önki döwür üçin esasy ykdysady serişde bolup ozaly bilen oba hojalygy çykyş edýär. Ykdysady gatnaşyklar ýere eýelik etmek we ony gaýtadan işlemegiň esasynda alnyp barylýardy. Industrial jemgyýetde esasy serişde bolup kapital çykyş edýär. Bu jemgyýetde ykdysady gatnaşyklar kapitala eýelik etmek we ony peýdalanmagyň esasynda alnyp barylýar.

Postindustrial jemgyýetde esasy serişde bolup bilim we zähmet çykyş edýär. Ykdysady gatnaşyklar köp halatlarda täzelikleri tapmak we ony ulanmak bilen baglanyşyklydyr. Bu jemgyýetde esasy üns fiziki taýdan sagdyn, ýokary bilimli, döredijilikli zähmet çekmäge ukyply işçi güýjüni döretmek we şonuň netijesinde önümçiligi alyp barmaga gönükdirilýär. Jemgyýetiň intellektual derejesiniň ösmegi hojalyk işini alyp barmagyň esasy ýoluna öwrülýär. Başgaça aýdylanda, ykdysady ösüşiň bu basgançagynda täzelikleri yzygiderli esasda ornaşdyrmak jemgyýetiň ösüşini kesgitleýär.

Postindustrial ykdysadyýeti birnäçe wajyp alamatlar boýunça tapawutlandyrýarlar. Bu alamatlaryň birinjisi bolup, önümçiligiň we sarp edişiň düzüminiň üýtgemegi çykyş edýär. Düzüm taýdan üýtgeme hyzmatlaryň hasabyna amala aşyrylýar. Önümçiligiň we sarp edişiň düzüm taýdan üýtgemegi daşary söwdada milli hojalygyň maddy önümçilik sferasynda hem bolup geçýär. Ylmy-tehniki täzelikler ýa-da «nou-hau» ygtyýarnamalaryň söwdasy hem şu alamata degişlidir.

Ikinji alamat bolup, ylmyň gönüden-göni öndüriji güýje öwrülmegi çykyş edýär. Ylmy täzelikleriň oýlanyp tapylmagy, onuň netijesini haryt we hyzmat önümçiliginde haýal etmän ornaşdyrmak bu alamatyň esasy aýratynlygydyr. Häzirki wagtda bu alamata wençur işewürligi hem diýilýär. Bu ugurda ýöriteleşen wençur banklary we *wençur firmalary* barha uly ösüşe eýe bolýar. Olar ýokary tehnologiýalary oýlap tapmak bilen meşgul bolýarlar. Şonuň netijesinde täze harydy öndürýän önümçiligi esaslandyrýarlar.

Postindustrial jemgyýetiň üçünji alamaty bolup, bilimiň ýokary ösüş derejesi çykyş edýär. Bu ýerde aýratyn-da orta mekdepden soňra berilýän bilim göz öňünde tutulýar. Ýokary bilimleriň sanynyň köp bolmagy şeýle jemgyýeti emele getirmekde möhüm orny eýeleýär.

Postindustrial ykdysadyýetiň indiki alamaty bolup, zähmete täzeçe garaýyş çykyş edýär. Ýokary hünär

taýýarlykly işgärleri döretmek, olaryň zähmetine ýokary hak tölemek we döredijilikli zähmete höweslendirmek bu alamatyň esasyny düzýär.

Ýokary derejede ösen jemgyýetiň indiki alamaty gurşap alýan daşky sreda berilýän ünsüň güýçlendirilmegidir. Postindustrial jemgyýetde ösüş tebigy baýlyklara daýanman, ylmyň we zähmetiň gazananlaryna daýanylýar. Munuň özi tebigata aýawly çemeleşmäge, tebigy baýlyklary geljekki nesiller üçin gorap saklamaga mümkinçilik berýär. Munuň üçin, ilkinji nobatda, ýokary tehnologiýaly önümçiligi döretmek göz öňünde tutulýar.

Postindustrial jemgyýetiň indiki alamaty, ykdysadyýetiň sosiallaşmagydyr. Bu alamat ykdysadyýetiň, öndüriji güýçleriň ösmegi bilen ahyrky maksat bolan halkyň sosial-medeni ýagdaýynyň ýokarlanmagyna aýdylýar. Bu alamatyň esasy baha beriş ölçegi bolup döwlet býujeti çykyş edýär. Ýagny döwlet býujetiniň agramly bölegi sosial ugra gönükdirilmelidir.

Postindustrial jemgyýetiň indiki alamaty kiçi telekeçiligiň galkynmagydyr. Mälim bolşy ýaly, kiçi telekeçilik bolup geçýän üýtgeşmelere örän çalt uýgunlaşýar. Şol bir wagtyň özünde kiçi telekeçilik goýberilýän harytlaryň köp görnüşlerini hödürlemekde uly ähmiýete eýedir.

Ýokary derejede ösen ykdysadyýetiň indiki alamaty jemgyýetiň informatizasiýalaşmagydyr. Bu jemgyýetde bilimi ýa-da informasiýany öz wagtynda netijeli ulanmak esasy ugur bolup durýar. Şonuň üçin hem şeýle ykdysadyýetde bilimi ýa-da informasiýany öndürijiler bolan ylmy edaralaryň we ylym bilen meşgullanýanlaryň sany, şeýle hem bilimi ýa-da informasiýany ýaýradyjylar bolan ýokary okuw jaýlarynyň, informasiýa setleriniň, innowasion firmalaryň sany barha ýokarlanýar. Häzirki zamanyň ösen aragatnaşyk serişdeleri sarp edijilere informasiýany çalt we elýeterli almaga mümkinçilik berýär. Başgaça aýdylanda, bu jemgyýetde iň gymmatly haryt bilim ýa-da informasiýa bolup durýar.

Postindustrial ykdysadyýete başgaça täze ykdysadyýet hem diýilýär. Bu ykdysadyýet maglumat-kommunikasiýa we wençur işewürliginiň ösmegi esasynda emele gelýär. «Täze ykdysadyýet» ilkinji bolup 1990-njy ýyllarda ABŞ-da ýüze çykdy. Täze asyrda beýleki ösen döwletlerde şeýle ykdysadyýet emele gelip başlady.

Täze maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary halkara söwdasyny giňeltmek bilen bir hatarda halkara habarlaşma çykdajylaryny hem peseldýär. Mysal üçin, Internetiň üsti bilen öndürijiler alyjylara öz harydyny ýa-da hyzmatyny hödürläp bilýär. Şeýle tehnologiýalar ýeke bir söwda, önümçilik we hyzmatda däl-de, dolandyryş işlerinde hem giňden ulanylýar. Bu serişdeleriň ulanylmagy zähmeti tygşytlaýar. Netijede, kapitalyň peýdasynyň kemter ýerlerinde şeýle tehno-

logiýalary ornaşdyrmak amatlydyr. Şonuň üçin bütin dünýäde kompýuter we aragatnaşyk serişdeleri barha köp ulanylýar.

Maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary YTP-iň dördünji nesli hasaplanylýar. YTP-niň birinji nesline bug maşynlary, ikinji nesline demir ýollar, üçünjisine elektrik energiýasy we awtomobil gurluşygy degişlidir. Dünýä söwdasy YTP-iň dördünji arkasynda has güýçli ösüşe eýe boldy.

Postindustrial ösüşe esasy itergi beriji güýçleriň biri hem wençur işewürligidir. Wençur işewürligi ykdysady ösüşe itergi berýär, ykdysadyýetiň pese düşmeginiň öňüni alýar, önümçiligi we islegi höweslendirýär. Şeýle işewürligiň ösmegi, ilkinji nobatda, innowasiýalara baglydyr. Innowasion ykdysadyýetiň ösmegi bolsa YBTKI-niň ösüşine baglydyr. YBTKI öz gezeginde önümçiligiň we jemgyýetiň ýokary tehnologiýalara bolan islegine garaşlydyr.

Indutrial ykdysadyýetden postindustrial ykdysadyýete birbada geçmek mümkin däldr. Onuň ösüşi ewolýusion häsiýete eýedir. Şeýle ykdysadyýete geçmek bilen ykdysadyýetiň ähli meseleleriniň gutarýandygyny aňlatmaýar. Tersine, şeýle ykdysadyýet ýurduň içinde dürli gapma-garşylyklaryň döremegine getirýär. Täze ykdysadyýet düzümleýin we hünärleýin işsizligi döredýär, maddy pudakda işleýän az hünärli işgärleriň zähmetine isleg azalýar. Netijede, ýokary taýýarlykly işgärleriň zähmetine isleg artýar we hünär taýýarlygy pes bolan işgärleriň işsiz galmagyna getirýär.

Postindustrial ykdysadyýet ýeke bir ýurduň içinde däl-de, dünýä hojalygynda hem düýpli üýtgeşmeleriň döremegine getirýär. Ol üýtgeşmelere aşakdakylar degişlidir:

– dünýäniň jemi içerki önüminiň düzümini üýtgedýär, hyzmatlaryň sarp edilişi barha ýokarlanýar. 1980–1990-njy ýyllar aralygynda hyzmatlaryň halkara söwdasynyň ösüşi 3,5%-e deň bolsa, 1990–2002-nji ýyllar aralygynda onuň ösüşi 3,1%-e deň boldy. Deňeşdirilýän döwürde harytlaryň halkara söwdasy 3,3%-den 2,5%-e çenli pese düşdi;
– ösen döwletler esasy ünsi tebigy çig mallara däl-de, bilime, ylma we zähmeti ösdürmäge berýärler, ylym siňňitli tehnologiýalara bolan isleg barha ýokarlanýar. Gazyp alyjy senagatyň (energiýa serişdelerinden beýlekiler) we oba hojalyk önümlerine bolan isleg her ýyl pese gaçýar. Mysal üçin, 1937-nji ýylda bu önümlere dünýä söwdasynyň 61%-i düşen bolsa, 1960-njy ýylda 45%-i, 1985-nji ýylda 26%-i, 2004-nji ýylda 23%-i düşüpdir;
– halkara söwdasynda bilimiň, ylmyň gazananlarynyň

çalt depginler bilen ösüp başlamagy. Oňa başgaça ygtyýarnamalaryň halkara söwdasy hem diýilýär. Häzirki wagtda bu ugurda ABŞ dünýä lideridir. 1990–2002-nji ýyllarda ABŞ-nyň haryt eksporty 1,8 esse, hyzmat eksporty 2,1 esse ösen bolsa, şol ýyllarda patentleriň, ygtyýarnamalaryň, awtorlyk hukuklaryň, kompýuter, telekommunikasiýa, poçta we dürli özüne çekiji oýunlaryň eksporty 3 esse artyp, 41 milliard dollardan 123 milliard dollara ýetipdir. Getirilen döwürde olaryň importy 3,4 esse artyp, 20 milliard dollardan 67 milliard dollara ýetipdir.

– ykdysady maglumatlaryň köplügi we elýeterliligi halkara ulag we aragatnaşyk hyzmatlarynyň bahasynyň peselmegine getirýär, kapitalyň halkara hereketini işjeňleşdirýär. Häzirki wagtda TMK--lar dünýäniň dürli künjeginde ýerleşýän şahamçalary bilen gündelik iň täze maglumatlary alyp berýärler. Bu bolsa öz gezeginde halkara söwdasynyň barha ösmegine, halkara bäsleşigiň ýitileşmegine, dünýä hojalygynyň barha bütewüleşmegine getirýär.

Umuman alanymyzda, postindustrial ykdysadyýetiň alamatlary, onuň gapma-garşylyklary, dünýä hojalygynyň düzüminiň üýtgemegindäki hereketi ýokardakylardan ybaratdyr.

## 5.7. Türkmenistanda postindustrial ykdysadyýetiň emele gelmegi

Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» atly çykyşynda milli ykdysadyýetimizi mundan beýläk hem ösdürmegiň postindustrial ösüş ýolunyň ileri tutulýandygyny nygtaýar. Bu ösüş ýoly arkaly milli ykdysadyýetimizi dünýä hojalygyna amatly ýagdaýda goşulyşmagyny we şonuň netijesinde milli bähbitlerimizi goramak esasy wezipe edilip goýulýar. Häzirki wagtda kämil özgertmeler bilen gurşalyp alnan milli ykdysadyýetimiz özüniň ösüş taryhynda täze bir döwre gadam basdy. Ol hem milli hojalygymyzyň ykdysady ösüşiniň ýokary derejesi bolan postindustrial ykdysadyýete öwrülip başlananlygydyr.

Onuň şeýledigine göz ýetirmek üçin postindustrial ykdysadyýetiň ýokarda bellenip geçilen alamatlaryny milli ykdysadyýetimiziň häzirki ýeten derejesi bilen deňeşdireliň.

Postindustrial ykdysadyýetiň birinji alamaty bolan önümçiligiň we sarp edişiň üýtgemegi ýurdumyzda gazanylan esasy üstünlikleriň biridir. Hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmak, hyzmat sferasyny giňeltmek baradaky öňe sürýän özgertmeleri netijesinde milli ykdysadyýetimiziň hyzmat sektory çalt depginler bilen ösýär. Munuň aýdyň alamatlarynyň biri bolup «Awaza» halkara dynç alyş zolagy çykyş edýär.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda ylmyň gönüden-göni öndüriji güýje öwrülmegine uly üns berilýär. Aýratyn bellemeli zat hem bizde ýeke bir milli ylma daýanmak bilen çäklenmän, eýsem daşary ýurtlaryň ýokary tehnologiýalaryny ornaşdyrmak uly depginler bilen alnyp barylýar. Mysal üçin, Belgiýanyň Gün energiýasyny elektrik energiýasyna öwürýän ýokary tehnologiýaly önümçiligi milli ykdysadyýetimize ornaşdyrmak işleri uly depgin bilen alnyp barylýar.

Postindustrial ykdysadyýetiň üçünji alamaty bolan bilimiň ýokary ösüş derejesi ýurdumyzda esasy üns berilýän ugurlaryň biri bolmagynda galýar. Ýokary bilim alýan talyplarymyzyň sanynyň ýylsaýyn ýokarlanmagy ýurdumyzda bu alamatyň örän düýpli alnyp barylýandygyny görkezýär. Ýokary bilim alýan talyplary ýeke bir ýerli bilim ojaklarymyzyň hasabyna däl-de, daşary ýurtlarda taýýarlamaga hem uly üns berilýär.

Postindustrial ykdysadyýetiň indiki alamaty bolup, zähmete täzeçe garaýyş çykyş edýär. Türkmenistanda hem şeýle işgärleri ýetişdirmäge uly üns berilýär. Munuň üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky döwlet gullugy akademiýasynyň açylmagy, ilatymyzyň zähmet haklarynyň yzygiderli ýokarlandyrylyp durulmagy bu aýdylananlaryň aýdyň subutnamasydyr.

Ýokary derejede ösen ykdysadyýetiň bäşinji alamaty gurşap alýan daşky sreda berilýän ünsüň güýçlendirilmegidir. Häzirki wagtda ýurdumyzda bu işler üstünlikli ösdürilýär. Önümçilige ýokary tehnologiýalary ornaşdyrmak bilen bir hatarda tebigaty goramak işleri hem alnyp barylýar. Ol işlere zeý suwlaryny bir ýere ýygnamak, «Gök guşak» syýasaty, ýurdumyzyň haýwanat we ösümlik dünýäsini goramak üçin döredilen birnäçe goraghanalar, gazylyp alynýan tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak üçin kabul edilen kanunlar aýdyň mysaldyr.

Postindustrial ykdysadyýetiň altynjy alamaty ykdysadyýetiň sosiallaşmagydyr. 2010-njy ýylda sosial-medeni ulgama ýurdumyzyň döwlet býujetiniň ýetmiş göterimden gowragynyň goýberilmegi, dünýäniň dürli döwletlerinde ýüze çykýan tebigy, ykdysady

heläkçilikler zerarly kösenýän adamlara dürli kömekleriň berilmegi (Gaiti, Pakistan, Owganystana berilýän yzygiderli kömekler) sosiallaşan milli ykdysadyýetimiziň emele gelmegini tassyklaýar.

Postindustrial ykdysadyýetiň indiki alamaty kiçi telekeçiligiň galkynmagy milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar. Milli ykdysadyýetimizi ösdürmegiň maksatnamasynda bellenilişi ýaly, 2020-nji ýyla çenli ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň ýetmiş göterimini kiçi we orta telekeçilik tutar.

Ýokary derejede ösen hojalygyň iň soňky alamaty ykdysadyýetiň informatizasiýalaşmagydyr. Ösen jemgyýete mahsus bolan bu alamat ýurdumyzda uly depginler bilen ösdürilýär. Ýurdumyzyň ähli etraplarynyň, obalarynyň, hatda çet-gyra nokatlarynyň hem aragatnaşyk serişdeleri bilen tutuşlaýyn üpjün edilmegi, Internetiň elýeterli bolmagy ykdysadyýetimizi mundan beýläk hem ösdürmäge mümkinçilik berýär. Çünki, aragatnaşyk serişdeleriniň ünsi bilen harytlaryň mahabaty, söwda geleşikleri, bahalar ýaly wajyp işler alnyp barylýar.

Postindustrial ykdysadyýete başgaça informasion ykdysadyýetli jemgyýet hem diýilýär. Häzirki zaman hojalygynda şeýle ykdysadyýete eýe bolan döwletler örän az sanlydyr.

Informasion ykdysadyýetli jemgyýetiň ýokarda getirilen alamatlary bilen ýurdumyzda alnyp barylýan özgertmeleriň netijesini deňeşdirenimizde örän guwandyryjy hakykatyň üstünden barýarys. Ol bolsa ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň baha beriş görkezijileriniň bu alamatlaryň hemmesine gabat gelýänligidir. Munuň özi milli ykdysadyýetimiziň informasion ykdysadyýete öwrülip başlandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe örän kämil özgertmeleri durmuşa ornaşdyrýan hormatly Prezidentimiziň döretmekçi bolýan ykdysadyýeti, ynha şu informasion ýa-da postindustrial ykdysadyýetdir.

# II BÖLÜM
# DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINIŇ GURBATY

## VI BAP
## DÜNÝÄNIŇ TEBIGY BAÝLYK GURBATY

### 6.1. Tebigy baýlyklar we olaryň dünýä ykdysadyýetindäki ähmiýeti. Tebigy baýlyklaryň klassifikasiýasy

Dünýä ykdysadyýetiniň häzirki ösüş döwrüniň esasy aýratynlyklarynyň biri hem tebigy baýlyklaryň harçlanyşynyň ýokary derejelere ýetmegi, adamzadyň tebigata edýän täsiriniň ýokarlanmagy, adam bilen tebigatyň arasyndaky özara baglanyşygyň çylşyrymlaşmagy bilen baglanyşyklydyr. Tebigy we antropogen täsirleriň netijesinde daşky sredanyň tebigylygy barha bozulýar. Şunuň bilen baglanyşyklylykda dünýä hojalygynyň sosial-ykdysady ösüşiniň häzirki we geljekdäki ýagdaýyny aýry-aýry döwletler, sebitler, tutuş dünýä möçberinde ylmy taýdan özleşdirmek, dünýäniň tebigy baýlyk gurbatyny rejeli, tygşytly peýdalanmak wezipesini ýüze çykarýar. Çünki tebigy baýlyklar giňişlik we mukdar taýdan çäklidir. Çäkli resurslar bilen barha ösýän islegi kanagatlandyrmak, ony geljekki nesillere miras galdyrmak häzirki zaman ylmynyň öňünde duran esasy wezipeleriň biri bolup durýar.

Häzirki zaman ylmynyň esasy meseleleriniň biri-de dünýä döwletleriniň tebigy baýlyk bilen ýakyn we uzak möhletde üpjünçiligini öwrenmekden ybaratdyr. Bu mesele tebigy baýlyklaryň azalmagy we gutarmagy netijesinde has ýiti meseleleriň birine öwrülýär. Eýýäm Ýer togalagynyň käbir sebitlerinde energetiki, azyk, çig

mal çökgünlikleri ýüze çykyp başlady. Sebäbi tebigy baýlyklary adam birnäçe ýüzýyllyklar bäri peýdalanyp gelýär. Tebigy baýlyklar dünýä hojalygynyň ösüşinde örän uly ähmiýete eýe bolup, olaryň tebigy gorlarynyň köpüsi entek özleşdirilmedikdir. Ylmyň we tehnikanyň, tehnologiýalaryň barha ösmegi, tebigy baýlyklaryň täze-täze ojaklarynyň üstüniň açylmagyna, gazylyp alynýan baýlyklaryň ýeriň has çuň gatlaklarynda örän köp gorlarynyň bardygy baradaky çaklamalaryň hakykata öwrülmegine getirdi. Şonuň üçin häzirki wagtda dünýäniň tebigy baýlyk gurbatynyň mineral çig mallar boýunça umumy möçberini kesgitlemek mümkin däl.

Tebigy baýlyklar ýa-da resurslar – munuň özi tebigatyň düzüm bölegi bolup, oňa adamyň hojalyk we jemgyýet işinde peýdalanýan ýer, suw, howa, ýel, gün, ösümlik, haýwanat, toprak, mineral resurslar degişlidir.

Tebigy baýlyk gurbat düşünjesine bolsa aýry-aýrylykda ýurtlaryň, sebitleriň, umumylykda dünýäniň üsti açylan we bar bolmagy mümkin diýlip hasaplanylýan tebigy baýlyklarynyň umumy möçberine düşünilýär.

Tebigy baýlyklar ýa-da resurslar wagt we giňişlik düşünjesi bolup, olar görnüş we göwrüm taýdan dürli sebitlerde, etraplarda tapawutlydyr. Şol tapawut ýurtlaryň sosial-ykdysady taýdan ösüşiniň dürli bolmagyna getirýär.

Dünýä tejribesinde tebigy baýlyklaryň gorlaryny hasaplamak, olary öwrenmek üçin tehniki we ykdysady kategoriýalar arkaly baha berilýär.

Elýeterli, subut edilen ýa-da ýüze çykarylan gorlar – tebigy gorlaryň häzirki zaman usullary esasynda ýüze çykarylan, olaryň anyk göwrümi kesgitlenilen, tehniki taýdan elýeterliligi, ykdysady taýdan düşewüntliligi kesgitlenilen gorlardyr.

Umumy resurslar – nazary hasaplamalaryň esasynda gorlary kesgitlenen tebigy baýlyklara düşünilýär. Şeýle baýlyklar tehniki taýdan elýetersiz, ykdysady taýdan düşewüntsiz hasaplanylýan gorlardyr. Ol baýlyklar diýlip has uly çuňluklarda, buzluklarda, batgalyklarda jemlenen baýlyklara düşünilýär. Umumy resurslary peýdalanmak ylmy-tehniki ösüşe baglydyr. Çaklamalara görä, umumy resurslar ýüze çykarylan gorlardan birnäçe esse köpdür. Emma olary gazyp almak örän köp harajatlary talap edýär. Şonuň üçin geljekde tebigy baýlyklaryň bahasy häzirkisinden has ýokarlanar.

Tebigy baýlyklary birnäçe klassifikasiýalara bölmek arkaly öwrenilýär. Olary klassifikasiýalara bölmekde birnäçe düşünjeler peýdalanylýar. Ol düşünjelere tebigy gelip çykyşy, ykdysady we hojalyk ähmiýeti degişlidir.

**1. Tebigy resurslaryň gelip çykyşy boýunça klassifikasiýasy.** Tebigy baýlyklar tebigy sredada gelip çykýarlar we giňişlik, tebigy-territorial taýdan görnüşini üýtgedýär. Şu nukdaýnazardan bu klassifikasiýa iki topara bölünýär.

– resursyň tebigy düzümi;
– resurslaryň tebigy-territorial toplumy.

Tebigy resurslaryň gelip çykyşy boýunça klassifikasiýasyna baha bermek tebigy baýlyklaryň ykdysady we hojalyk ähmiýetini ýeterlik açyp görkezmeýär. Şonuň üçin tebigy baýlyklaryň ykdysady, jemgyýetçilik önümçiligindäki ähmiýetine baha bermekde aşakdaky klassifikasiýa peýdalanylýar.

**2. Tebigy baýlyklary hojalygyň görnüşi boýunça peýdalanmak.** Resurslaryň bu klassifikasiýa boýunça böleklere bölünmegi olaryň maddy önümçilikde peýdalanylyşy bilen baglanyşyklydyr. Bu alamat boýunça tebigy baýlyklar aşakdaky toparlara bölünýär.

– senagat önümçiliginiň resurslary;
– oba hojalyk önümçiliginiň resurslary.

**3. Tükeniklilik alamaty boýunça klassifikasiýa.** Ähli tebigy baýlyklar tükenikliligi boýunça iki topara bölünýär. Olara:

a) tükenýän;
b) tükenmeýän resurslar diýilýär.

**3.1. Tükenikli resurslar.** Tükenikli resurslar önümçilik we adam durmuşynda amatly şertleri döretmekde giňden ulanylýar. Şonuň üçin olaryň peýdalanylyşynyň möçberi we tizligi barha artýar. Netijede, tebigy baýlyklaryň gorlarynyň azalmagyna we soňlugy bilen gutarmagyna getirýär. Tükenikli resurslaryň düzümine baýlyklaryň emele geliş tizligi hem degişlidir. Resurslaryň tebigy taýdan emele geliş tizligine laýyklykda aşakdaky toparçalara bölünýär:

a) dikeldip bolýan
b) dikeldip bolmaýan resurslar.

Dikeldip bolmaýan baýlyklara mineral resurslaryň ähli görnüşi we ýer degişlidir. Tebigy baýlyklar tebigy şertlerde emele gelýär. Olaryň emele gelmegine örän köp wagt zerurdyr. Mysal üçin, daş kömrüň emele gelmegine 350 million ýyldan hem köp wagt gerek. Şonuň üçin olaryň emele gelmegine hojalyk hasabyny geçirmek düýbünden mümkin däl. Şu nukdaýnazardan mineral resurslar diňe bir tükenikli däl-de dikeldip bolmaýan baýlyklara degişlidir.

Ýer resurslary hem ozalky tebigy görnüşinde dikeldip bolmaýan baýlyklara degişlidir. Umuman, ýer esasy tebigy resurs bolup, adamyň özi we ähli tebigy baýlyklar-da ýerde jemlenendir. Adamyň hojalyk işiniň netijesinde ýeriň ozalky tebigy görnüşine getirmek mümkin däldir. Mysal üçin, karýer, magdan gazylyp alnan ojaklary we ş.m.

Dikeldip bolýan resurslar hem aşakdaky toparçalara bölünýär. Olara:

a) haýwanat;
b) ösümlik dünýäsiniň resurslary degişlidir.

Bu resurslary adam işiniň netijesinde gaýtadan dikeldilýär. Mysal üçin, tokaýlyklary, azalyp barýan haýwan-

lary önki kaddyna ýetirmek mümkindir.

Dikeldip bolmaýan baýlyklaryň içinde hem, wagtyň geçmegi bilen, dikeldip bolýan resusrlar bardyr. Olara deňeşdirilende dikeldip bolýan baýlyklar diýilýär. Deňeşdirilende dikeldip bolýan baýlyklara aşakdakylar degişlidir;

a) sürümli ýerler;
b) tokaýlyklaryň ýaş derejesi;
ç) sebitleýin jähtde suw resurslary degişlidir.

**3.2. Tükeniksiz resurslar.** Oňa klimat we suw resurslary degişlidir. Klimat resurslaryna, adatça, ýylylyk we çyglylyk degişlidir. Olaryň paýlanylyşy gyradeň däldir. Ýylylyk sebitler boýunça –90-dan + 80C, çyglylyk 12 000 millimetrden 50–100 millimetre çenli üýtgeýär.

Suw resurslary Ýer şarynda giňden ýaýran baýlyklaryň biri bolup, onuň umumy göwrümi 1,5 milliard kub kilometre barabardyr. Bu möçberiň 98%-i dünýä ummanynyň duzly suwlary bolup, diňe 28 million kub kilometri içimlik suwlardyr. Tehnologiýanyň ösmegi netijesinde deňiz suwlaryny süýjedip, içimlik suwlaryna öwrülmegi agyz suwunyň umumy mümkinçiligini barha artdyrýar. Agyz suwunyň her ýylda 4–4,5 müň kub kilometri peýdalanylyp, ol umumy süýji suwuň bary-ýogy 10%-ine deňdir. Umuman, süýji suwlaryň gorlary adamzadyň häzirki isleginden 10 esse ýokarydyr. Emma olaryň paýlanylyşy gyradeň däldir. Ýewropada, Amerikada, Gündogar Aziýada suw baýlyklary örän köp jemlenen bolsa, Merkezi Aziýa we Afrika ýurtlarynda suw ýetmezçiligi barha ýiti häsiýete eýe bolýar.

Tebigy resurslaryň gorlaryna baha bermekde dürli döwletlerde birnäçe usullar ulanylýar. Olaryň birinji usulyna laýyklykda tebigy baýlyklara 4 sany, ýagny A, B, $C_1$, $C_2$ kategoriýalar boýunça baha berilýär. A kategoriýa laýyklykda tebigy baýlyklaryň gatlaklarynyň anyk ýerleşýän çäkleri, B kategoriýa gatlagyň takmynan ýerleşýän çäkleri, $C_1$ kategoriýa gatlagyň anyklanan goruny, $C_2$ kategoriýa deslapky çaklama gorlaryny kesgitleýär. BMG-niň usulyýetine laýyklykda tebigy baýlyklara üç ýörelge esasynda baha berilýär. Olara 1) barlanan, 2) deslapky bahalandyrylan, 3) çaklanan ýörelgeler degişlidir. Türkmenistanda bu usulyýetleriň iki görnüşi hem ulanylýar.

Häzirki wagtda mineral çig mallaryň 200-e golaýy ulanylýar. Olaryň ählumumy kabul edilen, bütewi klassifikasiýasy ýok. Tehnologiki taýdan peýdalanylyşy boýunça mineral baýlyklar aşakdaky toparlara bölünýär;

– ýangyç-energiýa çig mallary (nebit, gaz, kömür, uran);
– gara, legirlenýän metallar (demir, marganes, hrom, nikel, kobalt, wolfram);

- reňkli metallar (alýumin, mis, sink, altyn, kümüş, platina);
- agronomçylyk we himiki çig mallar (kaliý duzy, fosforitler, apatitler);
- tehniki çig mal (almaz, azbest, grafit);
- flýuslar, sement çig mallary.

Dünýä jemgyýeti soňky ýyllarda adaty däl energiýa çeşmelerine ünsi güýçlendirip başlady. Olara Gün, ýel, gaýtgyn-daşgyn, geotermal, biologiki energiýalar degişlidir. Häzirki wagtda adaty däl energiýa çeşmeleri tehniki kynçylyklar we gymmat düşýänligi sebäpli az ulanylýar. Geljekde bu çeşmeleriň Ýer togalagynyň energiýa mümkinçiligini artdyrar diýlip hasaplanylýar.

Gün energiýasy häzirki sarp edilýän umumy energiýanyň möçberinden 20 müň esse ýokarydyr. Bilermenleriň hasaplamagyna görä, 2020-nji ýylda ähli öndürilýän energiýanyň 15−20%-i Gün energiýasynyň paýyna düşer.

Ýel energiýasy gadym wagtlardan bäri ulanylypdyr. Ol häzir ABŞ-da, Angliýada, Fransiýada, Gollandiýada giňden ulanylýar. Ýel energiýasynyň umumy gurbaty örän ýokary diýlip hasap edilýär.

Gaýtgyn-daşgyn energiýasynyň umumy kuwwatynyň häzirki wagtda 2%-i peýdalanylýar. Gaýtgyn-daşgyn elektrik beketleri diňe Russiýada we Fransiýada hereket edýär.

Biokonserwirlenen energiýa oba hojalyk galyndylaryny gaýtadan işlemegiň netijesinde alynýan gaz bolup, ol heniz senagat möçberinde giňden peýdalanylmaýar.

Geotermal energiýa ýeriň içerki energiýasy bolup, ol gyzgyn suwlardan, buglardan ybaratdyr. Geotermal energiýa ýylylyk we elektrik energiýasyny almakda peýdalanylýar. Geotermal energiýanyň has giňden ulanylýan ýurtlaryna Italiýa, Islandiýa, ABŞ, Ýaponiýa degişlidir.

Tebigy baýlyklary netijeli we rejeli peýdalanmagyň aşakdaky ugurlaryny görkezmek bolar:

- baýlyklaryň gazylyp alnyşynyň tehnologiýasyny kämilleşdirmek;
- çig mallary toplumlaýyn işläp, az galyndyly we galyndysyz tehnologiýalara geçmek;
- tehnologiýalaryň material we energiýa talap edijiligini peseltmek;
- adaty däl energiýa çeşmelerini we täze materiallary peýdalanmak.

## 6.2. Dünýä ýurtlarynyň tebigy resurs üpjünçiligi

Mineral resurslar maddy önümçiligiň esasysy bolup hyzmat edýär. Mineral resurslaryň köpüsi adamzat jemgyýetiniň isleglerini ýeterlik derejede kanagatlandyrýarlar. Emma mineral resurslaryň häzirki peýdalanylyşynyň ýylboýy ýokarlanmagy Ýer togalagynyň ähli tebigy baýlyk gorlaryny, onuň näçe wagta ýeterlikdigini kesgitlemek wezipesini ýüze çykarýar.

Tebigy resurslar tebigat taýdan paýlanylýar. Olaryň ýurtlar boýunça görnüşleri, ýerleşişleri birmeňzeş däldir. Milli senagat ilkinji nobatda öz ýurdunyň çäginde ýerleşen tebigy baýlyklardan peýdalanýar. Senagatyň görnüşleriniň barha ösmegi bilen özünde ýok bolan ýa-da barha azalýan çig mallary daşyndan satyn almaga iterýär. Mineral resurslaryň harçlanylyşynyň barha ýokarlanmagy, çig mallaryň halkara söwdasynyň hem ösmegine getirýär. Eger-de 1980-nji ýylda dürli mineral resurslaryň 120 million tonnasy gazylyp alnan bolsa, onda häzirki wagta çenli ol takmynan 3 milliard tonna golaýlady. Mineral baýlyklaryň peýdalanylyşynyň ýokarlanmak meýline birnäçe faktorlar täsir edýär. Olara aşakdakylar degişlidir:

1. Mineral resurslaryň önümçilik işine çekilişiniň üzül-kesil ýokarlanmagy. Häzirki wagta çenli peýdalanylan tebigy baýlyklaryň 70%-i soňky 40-50 ýylyň dowamynda harçlanyldy;
2. Adamyň hojalyk işiniň has işjeňleşmegi netijesinde ozalky dikeldip bolýan tebigy resurslar hem indi dikeldip bolmaýan ýa-da deňeşdirilende dikeldip bolýan baýlyklara öwrüldi. Olar topragyň erroziýasy, derýalaryň, kölleriň, ummanlaryň, atmosferanyň hapalanmagy;
3. Mineral çig mallaryň çykarylyşynyň yzygiderli ýokarlanmagy;
4. Önümçilik galyndylarynyň barha köpelmegi we olary ikinji çig mal hökmünde peýdalanylyşynyň hem ýokarlanmagy;
5. Ekologiýanyň arassaçylygyny saklamak üçin harajatlaryň artmagy.

Tebigy resurslaryň paýlanyşy gyradeň däldir. Ýangyç resurslarynyň esasy bölegi Demirgazyk ýarym şarynda ýerleşendir. Kömür resurslarynyň aglaba bölegi GDA ýurtlarynda jemlenendir. Tebigy gazyň hem esasy ýatagy Demirgazyk ýarym şarynda, nebitiň dünýäde ýüze çykarylan resurslarynyň ýarysyndan gowragy Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlarynda ýerleşendir.

Dünýäde nebitiň gorlary boýunça birinji orny Saud Arabystany eýeleýär, soňra Kuweýt, Yrak, Eýran, Meksika we ş.m. ýurtlar eýeleýär. Tebigy gazyň gorlary boýunça öňdäki orunlary Russiýa, Eýran, Türkmenistan, Kanada, Katar ýaly ýurtlar eýeleýär.

Käbir ýurtlar mineral resurslara garypdyr. Ol ýurtlara Ýaponiýany, Koreýany, Italiýany we beýleki ýurtlary görkezmek bolar. Bu ýurtlaryň senagatlary import edilýän çig malyň hasabyna işleýär. Käbir döwletlerde bolsa tebigy baýlyklar ýokary derejede jemlenendir. Olara esasan ösüp gelýän ýurtlar degişlidir. Ol döwletleriň ykdysadyýetinde çig mal resurslaryny eksport etmek walýuta serişdeleriniň gelip gowuşmagynyň esasy çeşmesi bolup çykyş edýär.

## 6.3. Tebigy baýlyklary peýdalanmagyň häzirki zaman meseleleri

Mineral baýlyklary peýdalanmak, olaryň ýetmezçiligi dünýäde esasy meseleleriň biridir. Diňe bir gazylyp alynýan resurslar däl-de, suw, tokaý, oba hojalyk resurslarynyň peýdalanylyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak barha aktual häsiýete eýe bolýar. Bu meseleleri aşakdaky görnüşlere bölmek bolar:

– mineral çig mallaryň tükeniklilигi;
– tokaýlyklary dikeltmegiň meseleleri (diňe XX asyrda dünýäniň tokaý baýlyklarynyň 1/5 bölegi ýok edildi);
– ýer resurslarynyň netijesiz peýdalanylmagy. Ýerleriň rejesiz ulanylmagy netijesinde häzirki wagtda sürümli ýerleriň 1/3 bölegi hatardan çykdy;
– oba hojalygyna agrar-tehniki çäreleriň ornaşdyrylyşynyň pesligi. Diňe häzirki ulanylýan ýerlerde ýokary derejede agrar-tehniki çäreler geçirilen ýagdaýynda 10 milliard adamy eklemäge mümkinçilik berýär;
– topragyň süýşmegi;
– arassa agyz suwunyň hapalanmagy, ýetmezçiligi;
– howanyň hapalanmagy.

Häzirki wagtda bu meseleleri çözmek üçin birnäçe halkara guramalary döredildi. Mysal üçin, BMG-niň Azyk we Oba hojalyk Guramasy (FAO) bu ugurda uly işleri amala aşyrýar.

Ýokardaky aýdylanlardan şeýle netijeleri çykarmak bolar:

7. Sargyt № 1094.

- dünýä ykdysadyýetiniň ösüşini üpjün etmekde global derejede tebigy baýlyklaryň netijeli ulanylyşynyň ýoluny gözläp tapmak;
- Ýer togalagynyň florasyny, faunasyny goramak, klimatyň üýtgemeginiň öňüni almak;
- önümçilik tehnologiýasyny üzül-kesil kämilleşdirmekden, alternatiw çig mallary gözlemekden, döretmekden ybaratdyr. Diňe şu işler amala aşyrylanda adamzat siwilizasiýasyny çig mal ýetmezçiliginden gorap saklamak mümkindir.

# VII BAP
# DÜNÝÄ HOJALYGYNYŇ ADAM RESURSLARY

## 7.1. Ilatyň sany, ösüş aýratynlyklary we ýerleşişi

Adamzat taryhynyň bütin dowamynda ilatyň sany örän haýal ösüpdir. Ilat sanynyň ösüşiniň ýokary görkezijisi täze taryhy döwürde, aýratyn hem XX asyrda başlapdyr. Biziň eramyzyň başynda ýer togalagynyň ilaty 230 million, 1000-nji ýylda 275 million, 1800-nji ýylda 1 mlliard, 1900-nji ýylda 1,6 milliard, 1993-nji ýylda 5,5 milliard, 1999-njy ýylda 6 milliard, 2006-njy ýylda 6,5 milliard, 2009-njy ýylda 6,8 milliard, 2011-nji ýylda 7 milliard, 2015-nji ýylyň başynda 7,3 milliard adama ýetdi. BMG-niň ilat Gaznasynyň çaklamasyna görä, 2050-nji ýylda dünýäniň ilatynyň sany 9,2 milliarda ýeter. Häzirki wagtda ilatyň dünýä boýunça ýyllyk artyşy 85 mln. adama golaýdyr. Emma dünýäniň dürli sebitlerinde ilatyň ösüşi deň däldir. Bu ilatyň artyşynyň dürli häsiýetliligi bilen düşündirilýär. Ilatyň ösüş derejesinde Afrika birinji, Ýewropa soňky ýerde durýar. Häzirki wagtda 7,3 milliarddan aşan dünýä ilatynyň 5,9 milliardy ösen döwletlerde ýaşaýar. 2050-nji ýyla 9 milliard 150 milliona ýetjekdigi çaklanylýan dünýä ilatynyň 1 milliard 275,2 milliony ösen döwletlerde boljakdygy öňe sürülýär.

2010-njy ýylyň maglumatlaryna görä, dünýä ilatynyň 1 milliard 33 millionynyň ýaşaýan sebiti bolan Afrikanyň ilaty 2050-nji ýylda 1 milliard 998

milliona ýeter. Agzalan döwürde arap döwletleriniň ilaty 359 milliondan 598 milliona ýeter. Aziýanyň ilaty 4 milliard 166 milliona, Latyn Amerikasynyň we Karib adasynyň ilaty 588 milliondan 729 million adama ýeter.

2005–2010-njy ýyllarda arap döwletleriniň ilaty 2,1 göterim, Aziýanyň, Latyn Amerikasynyň ilaty 1,1 göterim, Demirgazyk Amerikanyň ilaty 1 göterim ösüş gazandy.

Ilatyň ösüş depginleri ilki bilen onuň tebigy artyşynyň, ýagny üznüksiz köpelmeginiň aýratynlyklaryna baglydyr. Tebigy artyşyň esasy görkezijisi dogulýanlar we ölýänlerdir, bularyň tapawudy ilatyň tebigy artyşyny görkezýär.

Ilatyň tebigy artyşynyň iň ýokary görkezijisi Afrika (Liwiýa, Niger, Mali, Nigeriýa, Somali, Kongo, Tanzaniýa, Madagaskar) we Aziýa (Ýakyn Gündogar ýurtlary, Laos, Kamboja, Filippinler) ýurtlaryna degişlidir. Bu ýurtlarda ilatyň tebigy artyşy ýylda her 1000 adama 30 adamdan hem geçýär. Ilatyň tebigy artyşynyň iň pes görkezijisi Ýewropa ýurtlaryna we Ýa-

*2-nji tablisa*

**Ilatyň sany boýunça dünýäniň iri ýurtlary (2014-nji ýyl)**

| № | Ýurtlar | Ilat | Artyş |
|---|---|---|---|
| 1 | HHR | 1 339 450 000 | ▲ 0,481% |
| 2 | Hindistan | 1 287 550 000 | ▲ 1,312% |
| 3 | ABŞ | 318 613 000 | ▲ 0,899% |
| 4 | Indoneziýa | 252 812 245 | ▲ 1,04% |
| 5 | Braziliýa | 203 260 228 | ▲ 1,102% |
| 6 | Pakistan | 188 048 027 | ▲ 1,551% |
| 7 | Nigeriýa | 178 516 904 | ▲ 2,553% |
| 8 | Bangladeş | 156 951 230 | ▲ 1,579% |
| 9 | Russiýa Federasiýasy | 146 206 093 | ▲ 0,013% |
| 10 | Ýaponiýa | 127 040 000 | ▼ –0,077% |
| 11 | Meksika | 119 713 203 | ▲ 1,086% |
| 12 | Filippinler | 100 217 048 | ▲ 1,873% |
| 13 | Wýetnam | 89 708 900 | ▲ 1,054% |
| 14 | Efiopiýa | 87 952 991 | ▼ 3,179% |
| 15 | Müsür | 87 264 700 | ▲ 1,922% |

poniýa degişlidir. Bu ýurtlarda ilatyň tebigy artyşy ýylda her müň adama 0–5 adama çenlidir. Ýewropanyň käbir ýurtlarynda (Germaniýa, Belgiýa, Wengriýa) bolsa tebigy artyş düýbünden ýok. Bu ýurtlarda dogulýanlardan ölýänleriň sany artykdyr.

Dünýäniň ýurtlary öz ilatynyň sany boýunça biri-birinden düýpli tapawutlanýar. 11 sany ýurtda (Hytaý, Hindistan, ABŞ, Indoneziýa, Braziliýa, Pakistan, Bangladeş, Nigeriýa, Russiýa, Ýaponiýa, Meksika) dünýäniň ilatynyň ýarysyna golaýy ýaşaýar. Bu döwletleriň hersinde ilatyň sany 100 million adamdan köpdür. Hytaýda we Hindistanda bolsa 1 milliardan-da köp ilat ýaşaýar. Ilaty 1 milliard 198 million bolan Hindistan 2014-nji ýylda 1 milliard 214,5 milliona ýetdi. 2050-nji ýyla çenli Hindistanyň ilatynyň 399 million artyp, 1 milliard 613 milliona ýetmegine garaşylýar. Häzirki wagtda Hytaýda 1 milliard 381 million adam ýaşaýar. On bäş sany ýurtda ilatyň sany 80 milliondan gowrakdyr. Şol bir wagtda bu ýurtlarda ilatyň tebigy artyşy hem düýpli tapawutlanýar. Has ýokary tebigy artyş Filippinler, Müsür, Hindistan, Bangladeş, Indoneziýa, Meksika, Braziliýa ýurtlaryna degişlidir. Germaniýa we Ýaponiýa ýurtlarynda bolsa tebigy artyş ýok. Öňümizdäki 40 ýylda Ýaponiýa, Russiýa, Germaniýa we Italiýa ilaty has azalýan döwletleriň hataryna girer. Ilatynyň sany 80 milliondan geçýän ýurtlaryň ilat sany we tebigy artyşy 2-nji tablisada görkezilýär.

Dünýäniň ilatynyň ýarysy şäherlerde ýaşaýar. 7,3 milliarddan aşan dünýä ilatynyň 3 milliard 654,3 milliony şäher ilatydyr. Ol esasan jemgyýetiň durmuş-ykdysady ösüşiniň ýokary depginleri bilen düşündirilýär. Şäherleriň we olardaky ýaşaýan ilatyň sany bellibir derejede şol ykdysady derejesini görkezýär. Has ösen sebitlerde ilatyň 75 göterimi, gowşak ösen döwletlerde bolsa ilatyň 45 göterimi şäherlerde ýerleşýär. Şäherleşme derejesine yklym möçberinde baha bersek, ilki bilen Demirgazyk Amerikany bellemek zerurdyr. Sebäbi bu yklymdaky 351,7 million ilatyň 288,3 milliony, ýagny 81,9% şäherlerde ýaşaýar. Şäherleşmek derejesi boýunça ýurtlar üç topara bölünýär. Birinji topara ýokary derejede şäherleşen ýurtlar degişlidir. Bu topara girýän ýurtlarda (Russiýa, ABŞ, Kanada, Awstraliýa, Beýik Britaniýa, GFR, Argentina, Litwa, Saud Arabystany, Kuweýt, Katar we beýleki) ilatyň 50%-den gowragy şäherlerde ýaşaýar. Bu topara degişli käbir ýurtlarda şäherleşme derejesi 90 göterimden geçýär. Gonkong we Singapur şäherleşme derejesi boýunça dünýä döwletleriniň arasynda ilkinji ýerlerde duryar. 7,1 million ilatly Gonkongda hem-de 4,8 million ilatly Singapurda ilatyň köpüsi şäherlerde ýaşaýar. Bu döwletlerden soň şäherleşme derejesi 99 göterim bolan Puerto-Rika gelýär. 4 million ilatly bu ýurduň 3,96 milliony şäherlere degişlidir. Kuweýt (98%),

Belgiýa (97%), Katar (96%), Malta (95%), Ispaniýa (93%), Wenesuela (93%), Ysraýyl (92%), Urugwaý (92%) döwletleri hem şäherleşme derejesi boýunça ilkinjileriň hatarynda durýar. Ikinji topara orta derejede şäherleşen döwletler degişlidir (Türkmenistan, Özbegistan, Gazagystan, Hytaý, Hindistan, Alžir, Tunis, GAR, Serbiýa, Bosniýa we Gersegowina). Bu topara girýän ýurtlarda ilatyň 25%-den 50%-e çenlisi şäherlerde ýaşaýar. Üçünji topara – pes derejede şäherleşen ýurtlar (Indoneziýa, Laos, Madagaskar, Angola, Serbiýa, Bosniýa we Gersegowina) degişlidir. Bu topara girýän ýurtlarda ilatyň 25%-den 50%-e çenlisi şäherlerde ýaşaýar. Üçünji topara – pes derejede şäherleşen ýurtlar (Indoneziýa, Laos, Wýetnam, Madagaskar, Angola, Somali, Efiopiýa, Tanzaniýa) degişli bolup, onda şäher ilaty ähli ilatyň 25%-den hem az bölegini tutýar. Emma soňky ýyllarda Afrika yklymynda ilatyň şäherleşmek derejesi has güýçli depginde ösýär. 2050-nji ýyla çenli Afrika yklymynyň şäherlerde ýaşaýan ilatynyň 3 esse artjakdygy öňe sürülýär. Degişli döwre çenli Nigeriýanyň Lagos şäheri yklymyň iň uly şäheri hökmünde taryha girer. 2015-nji ýylda şäheriň ýaşaýjysynyň sanynyň 12,4 milliona ýetmegine garaşylýar. Çaklanmagyna görä, 2050-nji ýylda Afrika yklymynyň ilatynyň 60 göterimi şäherlerde ýaşar.

Soňky wagtlarda ösýän ýurtlarda «şäher partlaýşy» adyny alan hadysa emele gelýär. Bu hadysa ösýän ýurtlarda şäher ilatynyň çalt ösýänligi we şäherlere ilatyň köp göçüp gelýänligi bilen düşündirilýär.

Dünýä boýunça ilatyň ortaça gürlügi 1 inedördül kilometr ýere 46,5 adama deňdir. Emma bu görkezijä garamazdan, ýer ýüzüniň ilaty örän endigansyz ýerleşendir. Yklymlar boýunça ilatyň gürlügi biri-birinden düýpgöter tapawutlydyr. Ýewropada ilatyň gürlügi inedördül kilometre 90 adam, Aziýada – 94, Afrikada – 45, Demirgazyk Amerikada – 78, Latyn Amerikada – 30, Awstraliýa we Ummanystanda – 4 adama barabardyr.

Gür ilatly ýurtlar gury ýeriň diňe 7%-ni tutup, olarda dünýäniň ilatynyň 70%-e golaýy jemlenendir. Dünýäniň iň gür ilatly ýurtlary Ýewropada: Niderlandiýa, Belgiýa, Aziýada: Bangladeş, Liwan, Şri-Lanka, Afrikada: Mawrikiý; Amerikada: Puerto-Rika. Bu ýurtlarda ilatyň ortaça gürlügi 1 inedördül kilometr ýere 600 adamdan geçýär. Käbir ýurtlarda adamyň ýaşamagy üçin amatsyz tebigy şertleriň agdyklyk edýänligi (çöllük, belent daglyk, gazaply sowuk, baky doňaklyk) hem-de çäginiň ummasyzlygy sebäpli ilatyň gürlügi has selçeňdir. Has takygy Mongoliýada, Kanadada, Malide, Nigerde, Çadda ilatyň gürlügi 1 inedördül kilometre 3 adamdan düşýär.

Ilatyň şäherleşmegi degre-daşa täsirini ýetirýär. Degre-daşyň hapalanmagynyň umumy möçberiniň ¾ bölegi şäherlileriň paýyna düşýär.

**1. Jyns düzümi** boýunça dünýäniň ilatyny üç topara bölýärler. Birinji topara erkek adamlar bilen aýal adamlaryň sany deň bolan ýurtlar girýär (Afrika we Latyn Amerikasy ýurtlary). Ikinji topara aýal adamlaryň sanynyň erkek adamlaryň sanyndan agdyklyk edýän ýurtlary girýär (bu topara dünýä ýurtlarynyň ýarysyndan gowragy, aýratyn hem Demirgazyk Amerika ýurtlary degişlidir. Bu ýagdaý esasan iki sebäp bilen düşündirilýär: aýallaryň ömrüniň ortaça dowamlylygy hem-de birinji we ikinji jahan uruşlarynda erkek adamlaryň ýitgileriniň köplügi. Üçünji topara erkek adamlaryň sanynyň aýal adamlaryň sanyndan agdyklyk edýän ýurtlary degişlidir (Aziýa ýurtlary, Hindistan, Hytaý).

**2. Ýaş düzümi** boýunça. Ýaş ilatyň öndüriji bölegi – zähmet resursynyň esasy görkezijisi bolup çykyş edýär. Ilatyň önümçilige çekilmek derejesi ykdysady taýdan işjeň ilatyň görkezijisi bolup durýar. Ilatyň ýaş boýunça düzüm görnüşi onuň artyş görnüşine laýyk gelýär. Birinji görnüşli döwletlere çaga ýaşdaky adamlaryň tutýan paýynyň pes derejesi we uly ýaşdaky adamlaryň tutýan paýynyň ýokary derejesi häsiýetlidir. Ýewropada 14 ýaşa çenli çagalar ilatyň 24%-ni, 15–59 ýaşdaky adamlar – 59%-den gowragyny we gartaňlyk ýaşdakylar – 17%-e golaýyny tutýar. Şular ýaly görnüşli düzüme milletiň garramagy diýilýär. Ilatyň artyşynyň ikinji görnüşli döwletlerine çaga ýaşdakylaryň ýokary derejesi we uly ýaşdaky adamlaryň tutýan paýynyň pes derejesi häsiýetlidir. Mysal üçin, Afrika ýurtlarynda ilatyň sanynyň 44%-i 14 ýaşa çenli çagalaryň we 5%-i gartaňlyk ýaşdakylaryň paýyna düşýär. Şular ýaly görnüşli düzüme bolsa milletiň ýaşarmagy diýilýär.

**3. Etnolingwistik düzümi.** Dünýä boýunça 3–4 müň halk ýa-da etnos hasaba alnan. Etnos diýlip adamlarda emele gelen durnukly umumylyga aýdylýar. Etnoslary sany boýunça toparlara bölýärler. Halklaryň köp bölegi az sanlydyr. Dünýäde sany 1 million adamdan geçýän 310-a golaý halklar bolup, olar ýer ýüzüniň ilatynyň 96%-ni düzýär. Adam sany 100 milliondan geçýän 7 sany halk bar. Olara hytaýlylar, hindiler, ABŞ-nyň amerikanlary, ruslar, braziller, ýaponlar we bengallar degişlidir. Halklary dil alamaty boýunça dil toparlaryna bölmek kabul edilendir. Bu toparlar ýakyn dilli halklary dil maşgalalaryna birleşdirmäge mümkinçilik berýär. Iň uly dil maşgalasy – hindi ýewropadyr. Bu maşgalanyň dilinde umumy sany 2,5 milliard adamdan gowragy hytaý-tibet dil maşgalasynyň dilinde gürleýär. Bulardan başga-da, köp sanly dil maşgalalaryna malaý-polineziýa, drawid, semit-hamit, bantu, altaý dil maşgalalary degişlidir. Milli we syýasy araçäkler gabat gelen halatlarda bir milletli döwletler emele gelýär. Muňa Günbatar Ýewropa, Latyn Amerikasy ýurtlaryny, Ýaponiýany mysal getirip bolar.

**4. Dini düzümi** boýunça dünýäde üç sany iri din tapawutlanýar: hristian (1 milliarda golaý adam uýýar), yslam ýa-da musulman (800 million adama golaý), we buddizm (200 million adama golaý). Soňky döwürde induizm (Hindistan) we sintoizm (Ýaponiýa) ýaly aýry dinler tapawutlandyrylýar. Käbir ýurtlarda (Watikan, Butan, Eýran) din jemgyýetçilik ýaşaýşyna we ykdysady ösüşe uly derejede täsirini ýetirýär.

**5. Ilaty bilim derejesi** boýunça ýokary bilim derejeli we pes bilim derejeli ýurtlara bölýärler. Ýer ýüzüniň sowatsyz ilatynyň 97%-den gowragy ösýän ýurtlaryň, 3%-i bolsa ösen we geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň paýyna düşýär. Bilim derejesi adamlaryň ýaşaýşynyň hiline uly derejede täsirini ýetirýär. Häzirki zaman ösen tehnikalara we tehnologiýalara esaslanýan önümçilik bilimli ilaty talap edýär.

**6.** Şol ýa-da beýleki milletiň saglygynyň umumylaşdyrylan ýagdaýyny görkezýän esasy görkeziji bolup **adam ömrüniň dowamlylygy** çykyş edýär. Adam ömrüniň dowamlylygyna şol çägiň ýa-da ýurduň tebigy we sosial şertleri, ykdysady ösüşi, ekologiki we azyk howpsuzlygynyň ýagdaýy täsir edýär. Şonuň üçin ösen ýurtlarda (Ýaponiýada, Norwegiýada) adam ömrüniň dowamlylygynyň ortaça görkezijisi 80 ýyldan geçýär. Ösýän ýurtlarda, aýratyn hem merkezi Afrika ýurtlarynda adam ömrüniň dowamlylygynyň ortaça görkezijisi 50 ýyla hem ýetenok.

## 7.2. Demografiki syýasat

Ösen ýurtlar üçin esasy demografiki mesele ozaly bilen ilatyň gartaşanlygy bilen baglanyşyklydyr. Eger 60 ýyl we ondan köp ýaşan adamlaryň tutýan paýy ähli ilatyň 12%-ni we ondan ýokary görkezijisini ýa-da, 65 ýyl we ondan ýokary ýaşanlar ähli ilatyň 8%-ni we ondan ýokary görkezijisini düzýän bolsa, onda ýurduň ilaty gartaşan diýlip hasap edilýär. Ösen ýurtlarda gartaşan ilatyň tutýan paýy ýylsaýyn artýar. Birleşen Milletler Guramasynyň hasabyna laýyklykda 60 ýyl we ondan köp ýaşanlaryň tutýan paýy 1950-nji ýylda dünýä ilatynyň 8,2% bolanlygyndan, 2000--nji ýylda 20%-e çenli ýokarlandy, 2025-nji ýylda bolsa ösen ýurtlarda bu görkezijiniň 30%-e çenli ýokarlanmagyna garaşylýar. BMG-niň çaklamalaryna laýyklykda, häzirki demografiki meýliň saklanan ýagdaýynda, 2050-nji ýylda ösen ýurtlarda 65 ýaşdan geçen adamlar ilatyň 35–45%-ni tutar. Bu

bolsa häzirki wagtda hereket edýän pension ulgamyň kämilleşdirilmegini talap eder. Sebäbi käbir ösen ýurtlarda bir işleýän adama bir pensioner düşer.

Ilatyň garramagy netijesinde demografiki agram, ýagny zähmete ukypsyz sany zähmete ukyplylara bolan gatnaşygy artýar. Demografiki agram ösýän ýurtlarda has hem ýokarydyr. Emma bu görkeziji zähmete ukyply ýaşa ýetmedik ýetginjekleriň hasabyna artýar. Ilatyň garramak meselesini ösen ýurtlar migrasiýanyň hasabyna çözjek bolýarlar. Migrasiýa gowy ýagdaýda bellibir derejede demografiki agramy gowşadýar. BMG-niň hasabyna laýyklykda, işleýänler bilen pensionerleriň gatnaşygyny 1995-nji ýylyň derejesinde saklamak üçin 50 ýylyň dowamynda Fransiýa 90 million, Germaniýa bolsa 18 million migrant gelmeli. Bu bolup bilmejek ýagdaý hasaplanylýar. Germaniýanyň häkimiýeti 2000-nji ýyldan 2050-nji ýyla çenli ýurda 10,5 million migrantyň gelmegine garaşýar.

Dünýä ilat sanynyň häzirki zaman ösüş depginini ösýän ýurtlaryň we geçiş ykdysadyýetli döwletleriň ilatynyň ösüş derejesi kesgitleýär. Bu ýurtlarda dünýä ilatynyň 85%-i jemlenendir. Bu ýurtlaryň köpüsinde soňky ýyllarda ilatyň ösüş depgininiň pese gaçýanlygyna garamazdan, häzirki güne çenli ilatyň ýokary ösüş derejesi saklanýar. Soňky 50 ýylyň dowamynda dünýä boýunça ölüm sanynyň azalýanlygyna garamazdan, häzirki wagtda köp ýurtlarda, aýratyn hem Tropiki Afrikada ölüm derejesiniň ýokary görkezijisi saklanýar. Şol bir wagtda dünýäniň köp sebitleri çaga dogluşyny peseltmäge gönükdirilen demografiki geçiş döwrüne geçdi. Dürli mazmunly faktorlara baglylykda (ýaşaýyş derejesiniň gowulanmagy, nikalaşmak ýaşynyň ýokarlandyrylmagy) demografiki geçiş döwrüniň wagty we aýratynlyklary ençeme ýurtlarda dürlüdir.

Ösýän ýurtlardaky demografiki geçişiň netijesi ölümiň azalmagy we bellibir wagtdan soň dogluşyň pese gaçmagy bilen baglydyr. Emma bu hadysa köp ýurtlarda deň bolup geçenok. Köp ýagdaýda ölümiň azalmagy dogluşyň ösmegine getirýär we dünýäniň köp sebitleriniň esasy meselesine öwrülýär.

Öz edýän tagallalaryna, ösen ýurtlaryň we halkara guramalaryň, berýän uly möçberli maliýe goldawlaryna garamazdan, ösýän ýurtlarda çäklendirilýän syýasat oňyn netijesini berenok. Ösýän we geçiş ykdysadyýetli döwletleriň köpüsinde ilatyň tebigy ösüşi 2-3% çäklerinde üýtgäp durýar, emma käbir döwletlerde bu görkeziji has ýokarydyr. XXI asyryň başynda dogluşyň we tebigy artyşyň has ýokary görkezijisi Keniýa döwletinde bellige alyndy. Bu ýurtda her müň adama 54 çaga doguldy, tebigy artyş bolsa 44 adama deň boldy. Ösýän ýurtlarda ilatyň şular ýaly ýokary derejede ösmegi netijesinde ilatyň artyşyna

demografiki partlaýyş diýilýär. Şol bir wagtda ýokary dogluş bilen tapawutlanan käbir ýurtlarda, ilkinji nobatda Hytaýda, dogluşy çäklendirilýän syýasat oňyn netijesini berdi. Has takygy, Hytaýda 1980–2010-njy ýyllar aralygynda ilatyň ösüş depgini 1%-den geçmedi (1000 adama 10 adam), 2014-nji ýylda bolsa bu görkeziji 0,5%-e deň boldy.

Häzirki wagtda demografiki partlamany başdan geçirýän döwletlere Ýer togalagynyň ilatynyň 4/3 bölegi düşýär. Ilatyň ýyllyk absolýut ösüşi 85 million adama deň, ýagny dünýä ilatynyň sanyna we artyşyna ösýän ýurtlar aýgytly täsirini ýetirýär we ýetirer. Bu şertde köp sanly ýurtlar ilatyň artyşyny dolandyrmak maksady bilen, demografiki syýasat ýöredýärler. Demografiki syýasat bu ilatyň tebigy artyşyny özüne zerur bolan ugra gönükdirmek üçin döwlet tarapyndan alnyp barylýan administratiw, ykdysady, düşündiriş we beýleki çäreler ulgamydyr.

Ösen ýurtlaryň demografiki syýasaty dogluşyň we tebigy artyşyň ýokarlandyrylmagyna (Günbatar Ýewropa ýurtlary, Russiýa we beýleki), ösýän we geçiş ykdysadyýetli ýurtlar dogluşyň we tebigy artyşyň aşaklandyrylmagyna gönükdirilendir (Hytaý, Hindistan).

Demografiki syýasaty amala aşyrmagyň wajyp ylmy esasy bolup yzygiderli geçýän demografiki hadysalary özünde jemleýän demografiki geçiş teoriýasy çykyş edýär. Demografiki geçişiň yzygiderlikde çalyşýan dört sany döwri tapawutlandyrylýar. Birinji döwür ähli adamzadyň döreýiş taryhy bilen baglanyşyklydyr. Bu döwür üçin dogluşyň we ölümiň ýokary görkezijisi we şoňa laýyklykda örän pes tebigy artyş häsiýetlidir. Ikinji döwür ölümiň çürt-kesik kemelmegini, emma adaty ýokary dogluşyň saklanmagyny häsiýetlendirýär. Üçünji döwür üçin ölümiň pes görkezijisiniň saklanmagy, dogluşyň bolsa pese gaçyp başlamagy häsiýetlidir. Bu döwürde dogýanlaryň sanynyň ölýänlerden artmagy aram ýagdaýda tebigy artyşy we ilatyň sanynyň ösüşini üpjün edýär. Dördünji döwürde dogýanlar bilen ölýänleriň görkezijisi deňleşýär. Bu bolsa ilat sanynyň durnuklylyga geçendigini aňladýar.

Soňky wagtlarda ylymda we durmuşda ilatyň hilini häsiýetlendirýän görkezijiler uly ähmiýete eýe bolýar. Bu toplumlaýyn düşünje adamlaryň ýaşaýşyna täsirini ýetirýän ykdysady (işlilik, girdeji), sosial (saglygy goraýyş derejesi, raýatlaryň howpsuzlygy, demografiki institutlaryň ösmegi), medeni (sowatlylyk derejesi, medeni binalaryň üpjünçiligi), ekologiki (gurşap alýan degre-daşyň ýagdaýy) we beýleki şertleri hasaba alýar.

# 7.3. Zähmet resurslary. Işçi güýjüniň migrasiýasy

Milli ykdysadyýetiň we ähli dünýä hojalygynyň hereketi ykdysady resurslara, ýagny zähmet, telekeçilik, tebigy, maýa goýum, bilim resurslaryna esaslanýar. Ykdysady resurslar bilelikde ýurduň, sebitiň we ähli dünýäniň ykdysady mümkinçiligini döredýär.

Zähmet resurslary diýlip zähmet işini amala aşyrmak üçin fiziki taýdan ösen, akyl ýetiriş we bilim ukyplaryna eýe bolan ilatyň bir bölegine aýdylýar. Zähmet resurslaryna zähmete ukyply ýaşdaky ilat, pensiýa ýaşynda işleýän adamlar, zähmete ukyply ýaşdan ýaş bolup işleýän ýetginjekler degişlidir. Zähmet resurslarynyň çäkleri her bir döwlet tarapyndan kanuny esasda kesgitlenilýär. Zähmet resurslaryny iş bilen üpjün etmek meselesi dünýä ähmiýetli meseledir.

Halkara zähmet guramasynyň metodikasyna laýyklykda işsizlere 15 ýyl we ondan köp ýaşap, seredilýän döwürde iş tapmadyk, ony gözläp işlemäge taýyar adamlar degişlidir. Işsizligiň derejesi işsizleriň sanynyň ykdysady taýdan işjeň ilatyň sanyna bolan gatnaşygy boýunça kesgitlenýär we ol köp halatda işsizligiň normasy diýlip atlandyrylýar.

Işlilik nukdaýnazardan zähmet bazaryny üç sany görkeziji boýunça seljermek bolar: işlilik, işsizlik, boş ýer. Ösen ýurtlaryň köpüsinde şol bir ýagdaýa duşunilýar: çökgünlik döwründe işsizlik boş ýerden agdyklyk edýär, durgunlyk döwründe ol çen bilen deňräk bolýar, ösüş döwründe bolsa – boş ýerleriň sany, adatça işsizleriň sanyndan artyp başlaýar, aýratyn hem iri megapolislerde.

Ösýän ýurtlarda işsizligiň derejesi hemişe ýokarydyr. Köp ýurtlarda işsiz aýal adamlaryň sany erkek adamlaryňkydan 20–50% ýokarydyr. Sebäbi aýal adamlara zähmet bazarynyň käbir böleklerine (gijeki, agyr, zyýanly we howply işlere) girmek kyn we çylşyrymly. Durnukly köneden gelýän işsizlik aýry mesele bolup çykyş edýär. Ýokary girdejili ýurtlaryň işsiz adamlarynyň umumy sanynyň 24%-i köneden gelýän işsizleriň paýyna düşýär.

Pudak düzümleri boýunça işleýänleriň ymtylyşy bütin dünýäde birmeňzeşdir: oba, tokaý we balyk hojalyklarynda işleýänleriň paýy azalýar we hyzmat sferasyndaky işleýänleriň paýy köpelýär. Senagatda bolsa gaýtadan işleýän pudaklarda işleýänleriň paýy artyp, gazyp alýan pudaklarda azalýar. Şol meýildäki ymtylyş ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň derejesi näçe ýokary boldugyça, şonça hem aýdyň görünýär. Senagatda işleýänleriň toparyny döwletler boýunça tapawutlandyrýarlar. Ösen ýurtlaryň aglabasynda senagatda işleýänleriň paýy 13-den

25%-e çenli aralykda: Beýik Britaniýada – 16%, Fransiýada – 18%, Ýaponiýada – 21%, Germaniýada – 25%. Täze industrial ýurtlarda senagatda işleýänleriň paýy adatça 2%-den geçýär, beýleki ösýän ýurtlarda bolsa bu görkeziji ondan hem pesdir.

Agrar sektorda (oba, tokaý we balyk hojalyklary) işleýänleriň sany has uly aratapawut berýär. Eger ösen ýurtlarda bu sektorda işleýänleriň paýy 1-den 7%-e çenli bolsa (Beýik Britaniýa – 1,4%, ABŞ – 2,6% Belgiýa – 1,8%, Germaniýa – 2,7%, Fransiýa – 4,8%, Ispaniýa – 6,8%), bu görkeziji ösýän ýurtlarda 50%-e golaýlaýar (Pakistan – 47%, Tailand – 48%, Müsür – 28%). Geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda hem bu görkeziji uly aratapawut berýär (Çehiýada – 5%, Täjigistanda 65%-e çenli).

XXI asyrda menejer bolup we hyzmat ediş sferasynda işleýänleriň paýy artyp, hünär derejesi bolmadyk işçileriň we gullukçylaryň, şeýle hem tehniki kömekçi işgärleriň paýy düýpli kemelýär.

Işçi güýjüniň ulanylyş derejesini iş hepdesiniň dowamlylygy häsiýetlendirýär. Öndümlilik we zähmet öndürijiligi näçe ýokary boldugyça, şonça hem resmi taýdan zähmet hepdesi gysga bolýar. Ösen ýurtlarda maddy önümçilik pudaklarda iş hepdesiniň dowamlylygy 33–38 sagada deň (Ýaponiýadan başgalary – 42,5 sagat). Has takygy bu görkeziji ABŞ-da – 33,4, Kanadada – 35,3, Fransiýada – 35,7, Beýik Britaniýada – 35,4, Täze Zelandiýada – 38,8, ýagny 7 sagatlyk iş gününe ýakyndyr. Emma hakykatda bolsa bellenilen sagatdan artyk işlenilip, iş hepdesiniň dowamlylygy uzalýar. Ösýän we geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda iş hepdesiniň dowamlylygy 38–42 sagat, käbir ýurtlarda ondan hem ýokary sagada deň. Bu esasan, zähmet öndürijiliginiň we ulanylýan tehnikalaryň pesligi bilen düşündirilýär.

Iş haky dünýäde yzygiderli ösüş meýline eýedir. Iş hakynyň yzygiderli artmagyny zähmet öndürijiliginiň ösmegi hem-de hümmetsizlenme bilen baglanyşdyrmak bolar. Iş hakynyň derejesi köp sanly ösen ýurtlarda 1 sagat boýunça hasaplanylýar.

Şular ýaly hasap ýöretmek dürli derejede ulanylýan işçi güýjiniň tölegini hasaplamak üçin amatlylyk döredýär. Sagatlaýyn tölenilýän iş haky dürli ýurtlarda dürlüdir. Senagat pudaklarynda – Beýik Britaniýada we Kanadada – 20–22, Ýaponiýada 10–12 dollara deň. Ösýän we geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda bu görkeziji pes. Dünýäniň zähmet bazary milli zähmet bazaryndan däl-de, eýsem işçi güýjüniň halkara migrasion akymyndan düzülýär. Halkara zähmet migrasiýasy iş ornuny üpjün etmek maksady bilen, zähmet resurslarynyň bir ýurtdan beýleki ýurda geçmek ýagdaýyny alýar. Dünýäde halkara zähmet immigrasiýasynyň dürli merkezleri döredi.

Günbatar Ýewropada onlarça million daşary ýurt işçileri zähmet çekýärler. (XXI asyryň başynda daşary

ýurt işçileri Şweýsariýanyň 18%, Awstriýanyň 10%, Germaniýanyň 9%, Fransiýanyň 6% işçi güýjüni düzdi). ABŞ-a her ýyl 500-den 800 müňe çenli adam (maşgala agzalary bilen), Kanada–200 müňe golaý adam göçüp gelýär. Şu adaty merkezler bilen, bir hatarda soňky onýyllykda halkara zähmet immigrasiýasynyň täze merkezleri döredi.

Nebit gazyp alýan arap ýurtlar (Saud Arabystany, BAE, Kuweýt, Katar, Bahreýn) beýleki arap we aziýa ýurtlarynyň işçi güýjüni özüne çekýär. Bu merkezi işçi güýji bilen üpjün ediji bolup, garyp ilatly arap ýurtlary (Müsür, Ýemen, Iordaniýa, Sudan, Palestina) we Aziýa ýurtlary (Hindistan, Pakistan, Bangladeş, Şri-Lanka), soňky ýyllarda bolsa Filippinler, Tailand, Günorta Koreýa, hatda Gündogar Ýewropa ýurtlary çykyş edýär. Bu merkezde ulanylýan daşary ýurt işçi güýjüniň absolýut ölçegi 30 million adam töweregınde. Saud Arabystany, Liwiýa, Kuweýt we BAE sebite gelýän ähli işçi güýjüniň 90%-e çenlisini ulanýar. Şonuň bilen birlikde Kuweýtde, Katarda we BAE daşary ýurtlar ýurduň iş ýerleriniň 80%-e çenlisini tutýar. Saud Arabystanynda, Bahreýnde işçi güýjüniň 40%-den gowragy, Oman döwletinde – 34%-i immigrantlar. Şol bir wagtda daşary ýurtlular ýeterlikli derejede jogapkärli ýerlerde, şol sanda döwlet gullugynda hem işleýärler. Bu bolsa, umuman, dünýäde ulanylýan daşary ýurtly işçi güýjüniň häsiýetine meňzeş gelýär. Daşary ýurtly işçi güýjüniň uly bölegi, esasan, gurluşyk we hyzmat ediş pudaklarynda ulanylýar. Şol bir wagtda daşary ýurtlular wagtlaýyn zähmet çekýärler we baglaşylan şertnamanyň wagty tamamlanandan soň öz ýurtlaryna dolanýarlar, olaryň ýerine täze immigrantlar gelýär. Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlarynyň hökümetleri immigrantlaryň assimilirlenmegine päsgelçilik döredýärler. Has takygy, soňky 20 ýylyň dowamynda Saud Arabystanynda bary-ýogy 6 müňe golaý daşary ýurtlular raýatlyk hukugyny aldylar.

XX asyrda Afrikanyň günortasynda ikinji täze halkara zähmet immigrasion merkezi döredi. Günorta Afrika Respublikasyna resmi taýdan gelýän daşary ýurtly işçileriň sany her ýyl 250 müňe golaýlaýar. Resmi däl ýagdaýda gelýän işçileriň sany hem köpdür. Bu ýurda işçi güýji, esasan, Afrika kontinentinden gelýär we olar köp halatda gazylyp alýan pudaklarda zähmet çekýärler.

Halkara zähmet immigrasiýasynyň üçünji merkezi Latyn Amerikasynda ýerleşýär. XXI asyryň başynda Argentina, Braziliýa we Wenesuela ýurtlaryna Urugwaý, Çili, Boliwiýa döwletlerinden gelen 8 milliondan gowrak daşary ýurtly işçiler hasaba alyndy.

Dördünji merkez Günorta-Gündogar Aziýada we Awstraliýada ýerleşýär. Bu sebite millionlap hasaba alynýan immigrantlar Filippinden, Pakistandan, Indoneziýadan we beýleki ýurtlardan gelýär.

Häzirki wagtda dünýä boýunça immigrantlaryň umumy sany 232 mil-

liona golaý. Şol halkara migrantlaryň 31,3%-i Ýewropa, 30,6%-i Aziýa, 22,9%-i Demirgazyk Amerika, 3,7%-i Latyn Amerikasy, 3,5%-i Awstraliýa we Okeaniýa, 8%-i Afrika ýurtlarynda ýaşaýar. Immigrantlaryň bir bölegi öz ýurtlaryna dolanyp gelýär, emma esasy bölegi täze ýurtda galýar.

Ilatyň halkara migrasiýasy aýry ýurtlaryň we sebitleriň ösmeginde wajyp orny eýeleýär. Halkara migrasiýa kabul we üpjün edýän ýurtlaryň ilatynyň ýaş we jyns düzümine uly derejede täsirini ýetirýär. Immigrantlaryň arasynda zähmete ukyply ýaşdaky adamlar agdyklyk edýär. Daşary ýurtly işçiler Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň, aýratyn hem Şwesiýanyň, Germaniýanyň, Fransiýanyň zähmete ukyply ilatynyň agramly bölegini düzýär.

Ýurtlaryň arasyndaky işçi güýjüniň erkin hereketi umumy dünýä boýunça iş hakynyň deňleşmegine we jemi önümiň artmagyna getirýär, emma işçi güýjüniň migrasiýasyndan esasy bähbit kabul edýän ýurtlara düşýär. Ýagny kabul edýän ýurtlar hünärmenleri taýýarlamak üçin çykdajy etmeýärler. Ýurtda immigrantlar tarapyndan döredilen önümler we hyzmatlaryň nyrhynyň aşaklamagyna, gelýän salgydyň artmagyna getirýär. Immigrantlar ilatyň orta görkezijisinden has ýaş we olar pensiýa ýaşdaky ýerli ilatyň sosial çykdajylarynyň bir bölegini maliýeleşdirýär.

Ikinji jahan urşundan soň halkara zähmet migrasiýasyna ýüzlerçe müň intelligensiýanyň wekilleri çekilip başlandy. ABŞ intellektual halkara migrasiýasynyň maksatly çekilmegi ýurduň dünýäde öňdebaryjy döwlet bolmagyna täsir eden esasy faktorlaryň biridir. Dünýäniň akyldar adamlaryny özüne çeken beýleki ýurtlara Fransiýa, Beýik Britaniýa, Germaniýa, Awstraliýa, Kanada, Şwesiýa degişlidir.

Berilýän maglumatlara görä, ýurda çekilen bir alym-gumanitardan 230 müň dollar, jemgyýetçilik ylymlary alymyndan – 235 müň, inženerden – 253 müň, lukmandan – 646 müň dollar arassa utuş görýär. Netijede, umumy utuş onlarça milliard dollara ýetýär. Immigrantlaryň akylyny ulanmak netijesinde Kanadanyň alýan girdejisi, ýurduň ösýän döwletlere berýän kömeginiň möçberinden 7 esse köp.

Şol bir wagtda immigrantlar bilen üpjün edýän ýurtlar migrantlaryň ýurda geçýän iş haklaryny alýar. Bu bolsa şol ýurtlaryň goşmaça, käbir halatlarda esasy altyn pul girdejisiniň döremegine getirýär. Migrantlaryň resmi taýdan iberýän pullary häzirki wagtda bir ýylda 230 milliard dollara deň, şonuň 62%-i ösýän ýurtlara, ilkinji nobatda, Hindistana, Türkiýä, Müsüre ugradylýar. Migrantlaryň iberýän pullaryny bellibir möçberde ösen ýurtlar – Italiýa, Portugaliýa, Ispaniýa, Gresiýa hem geçiş ykdysadyýetli ýurtlardan migrantlaryň iberýän pullaryny köp möçberde alýanlara Hytaý, Gruziýa, Ermenistan, Täjigistan degişlidir. Şol bir wagtda işçi güýji bilen üpjün edýän

ýurtlar üçin migrasiýanyň oňaýsyz täsiri hem bar. Emigrasiýa, aýratyn hem hünär derejesi ýokary hünärmenleriň gitmegi öz ýurtlarynyň geljekki ösüşini bellibir derejede pese gaçyrmagy mümkin. Şol bir wagtda hem migrantlaryň öz watanyna dolanyp gelmegi ýurtda tehnologiýanyň ösmegine, maýalaryň toplanmagyna, zähmet tejribesiniň we endikleriniň ornaşdyrylmagyna ýardam berýär. Şonuň üçin häzirki wagtda dünýäniň 72 sany ýurdunda migrantlaryň yzyna dolanyp gelmegini höweslendirýän syýasat ýöredilýär.

# VIII BAP
# DÜNÝÄNIŇ MALIÝE GURBATY

## 8.1. Dünýäniň maliýe gurbaty barada düşünje

Kapital ykdysady resurs hökmünde hakyky (material, maddy) we maliýe (pul) görnüşinde çykyş edýär. Maliýe kapitaly ýa-da pul görnüşindäki kapital nagt, bank depozitlerindäki we hasaplaryndaky pullary, gymmat bahaly kagyzlary hem-de emläk hukugyny özünde jemleýär. Maliýe kapitaly ahyrynda hakyky kapitala öwrülýär. Ýöne bu iş birbada bolup geçmeýär.

Dünýäniň maliýe gurbatyna ýa-da maliýe serişdelerine döwletleriň, hususy taraplaryň, hojalyk birlikleriň, milli we halkara guramalaryň maliýesi degişlidir. Maliýe serişdeleriniň ýurtlaryň arasyndaky paýlanyşy gyradeň däldir. Şonuň üçin ol hemişe bir ýurtdan beýleki ýurda akyp geçýär. Maliýe serişdeleriniň bir ýurtdan beýleki ýurda geçmegine kapitalyň halkara hereketi diýilýär.

Maliýe serişdeleriniň bir bölegi ýurtlaryň arasyndaky haryt, hyzmat, tehnologiýa, işçi güýjüniň halkara hereketiniň töleg üpjünçiligini ýerine ýetirýär. Onuň bu hereketine halkara walýuta-hasaplaşyk gatnaşyklary diýilýär.

Dünýäniň maliýe gurbatyna ýa-da maliýe serişdelerine iki nukdaýnazardan garamak mümkin. Birinji, giň manyda ol ähli ýurtlaryň, halkara guramalaryň we maliýe merkezleriniň serişdeleriniň jemidir. Ikinji, dar manyda bolup, diňe halkara ykdysady gatnaşyklara gatnaşdyrylýan serişdeleriň jemidir. Giň we dar manyda getirilen kesgitlemeleriň tapawudyny şeýle açyp görkezmek bolar. Ýagny, birinji kesgitlemä laýyklykdaky maliýe serişdeleri diňe içerki hojalyk gatnaşyklarynda ulanylýar. Dar manydaky kesgitleme

globallaşma düşünjesine laýyklykda diňe halkara gatnaşyklaryna gatnaşdyrylýan serişdelere düşünilýär. Şu temanyň dowamynda ikinji manyda ulanylýan kesgitlemäni «dünýäniň maliýe gurbaty» diýlip hasap edilýär.

Birinji we ikinji kesgitlemä laýyklykda getirilen maliýe serişdeleriniň möçberi deň däldir. Giň manyda getirilen kesgitlemä degişli maliýe serişdeleri dar manyda getirilen serişdelerden uludyr.

Kapital maýa goýum işiniň netijesinde herekete gelýär. Maýa goýumlar süýşürintgileriň hasabyna maliýeleşdirilýär. Ýagny, ilki süýşürintgileriň hasabyna pul serişdeleriniň üýşmegi emele gelýär. Emele gelen pul serişdeleri maýa goýum işine gönükdirilýär ýa-da maliýeleşdirilýär. Bu hereketiň yzygiderliligine kapitalyň emele gelmegi diýilýär.

Süýşürintgiler JIÖ-niň ýa-da JMG-niň ahyrky sarp edişe, ýagny

*3-nji tablisa*

**Dünýä ýurtlarynda süýşürintgileriň jemi normasy (JIÖ-iň %-i hasabynda)**

| Ýurtlar we sebitler | 1981–1988-nji ýyllar | 1994–2001-nji ýyllar | 2005-nji ýyl | 2008-2010-njy ýyllar |
|---|---|---|---|---|
| Ösen ýurtlar | 21,9 | 23,3 | 19,4 | 20,2 |
| Şol sanda: ABŞ | 18,4 | 17,6 | 13,6 | 15,0 |
| ÝS (Ýewrozona girýän 12 döwlet) | 20,7 | 21,0 | 20,9 | 22,0 |
| Ýaponiýa | 31,8 | 30,2 | 26,8 | 26,8 |
| Aziýanyň TIÝ | 34,5 | 33,3 | 31,8 | 31,3 |
| Beýleki döwletler | 22,5 | 26,3 | 30,3 | 30,8 |
| şol sanda: Merkezi Ýewropa ýurtlary (MÝÝ) | | 20,2 | 18,8 | 21,6 |
| GDA | | 24,3 | 29,6 | 27,3 |
| Aziýa (Orta Gündogardan başga) | 25,4 | 31,8 | 38,2 | 40,4 |
| Orta Gündogar | 18,8 | 23,0 | 39,7 | 34,4 |
| Latyn Amerikasy | 18,9 | 18,1 | 21,8 | 20,8 |
| Afrika | 18,2 | 17,1 | 23,4 | 24,4 |

Çeşmesi: World Economik Outlook. IMF October 2004.

hakyky kapitala gönükdirilmedik bölegidir. Süýşürintgileriň esasy bölegi DJÖ-niň agramly bölegini öndürýän ösen ýurtlarda jemlenendir.

Döwletleriň ähli süýşürintgileriniň JIÖ-e bolan gatnaşygyna süýşürintgileriň jemi normasy diýilýär. Dünýä boýunça bu görkeziji 22–25%, käbir ösen döwletlerde has ýokarydyr.

Soňky ýyllarda ösen döwletlerde süýşürintgileriň jemi normasynyň pese gaçmak meýli duýulýar. Onuň sebäbi bolup bu ýurtlaryň postindustrial ykdysadyýete geçmegi bilen düşündirmek bolar. Postindustrial ykdysadyýetde esasy üns adam kapitalyny emele getirmäge gönükdirilýär. Ýagny, JIÖ agramly bölegi sosial-medeni ulgama goýberilýär.

Dünýäniň köp döwletlerinde, aýratyn-da Hytaýda, Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynda, nebiti eksport edýän

*4-nji tablisa*

**Dünýä ýurtlarynda kapital toplamagyň jemi normasy (JIÖ-niň % hasabynda)**

| Sebitler we döwletler | 1981−1988-nji ýyllar | 1994−2001-nji ýyllar | 2005-nji ýyl | 2008−2011-nji ýyllar |
|---|---|---|---|---|
| Ösen döwletler<br>şol sanda:<br>ABŞ | 22,6 (−0,7)<br><br>20,6 (−2,2) | 23,5 (−0,2)<br><br>20,0 (−2,4) | 20,9 (−1,5)<br><br>20,0 (−6,5) | 21,9 (−1,6)<br><br>21,3 (−6,3) |
| ÝS (Ýewrozona girýän 12 ýurt) | 21,5 (−0,8) | 20,4 (0,6) | 20,9 (0) | 21,9 (0,1) |
| Ýaponiýa | 29,4 (2,4) | 27,9 (2,3) | 23,2 (3,6) | 23,9 (3,0) |
| Aziýanyň TIÝ | 32,1 (2,4) | 29,1 (4,2) | 25,7 (6,1) | 25,9 (5,4) |
| Beýleki ýurtlar<br>şol sanda:<br>Merkezi Ýewropa ýurtlary | 21,0 (1,5) | 25,5 (0,8)<br><br>23,3 (−3,1) | 26,4 (3,9)<br><br>24,0 (−5,2) | 28,2 (2,6)<br><br>25,7 (−4,1) |
| GDA | | 22,4 (1,6) | 20,7 (8,9) | 22,7 (4,6) |
| Aziýa (Orta Gündogardan başga) | 27,5 (−2,1) | 32,3 (−0,5) | 34,3 (3,9) | 37,1 (3,3) |
| Orta Gündogar | 22,8 (−4,1) | 23,5 (−0,6) | 22,0 (17,7) | 21,5 (12,8) |
| Latyn Amerikasy | 20,9 (−1,9) | 21,1 (−2,7) | 20,7 (1,1) | 21,4 (−0,6) |
| Afrika | 27,7 (−4,5) | 20,0 (−2,9) | 21,1 (2,23) | 22,7 (1,7) |

Çeşmesi: World Economic Outlook. IMF. October 2004.

***Bellik:*** ýaýyň içinde getirilen kese çyzyk toplamagyň süýşürintgilerden öňe geçendigini aňladýar.

ýurtlarda süýşürintgileriň jemi normasy ýokarydyr. Bu döwletlerde eksport importdan ýokary bolup, eksportdan gelýän girdejileriň bir bölegi töleg balansynda ulanylýar. Galan bölegi bolsa süýşürintgilere öwrülýär.

Süýşürintgiler ýurduň hakyky kapitalynyň we maýa goýum işiniň esasy bolup çykyş edýär. Maýa goýum kapitalynyň emele gelmegi bilen hakyky kapital, ýagny ykdysadyýetiň maddy sektory maliýeleşdirilýär. Hakyky sektora goýulýan maýa goýuma kapital toplamagyň ýa-da toplanmagyň jemi normasy diýilýär. Toplamagyň jemi normasy esaslyk gaznany, material dolanyşykdaky serişdeleriň gorlaryny, saklanýan gymmat bahaly daşlary we materiallary, gadymy zatlary, gymmat bahaly sungat eserleri özünde jemleýär. Toplamagyň jemi möçberiniň JIÖ gatnaşdyrylmagyna toplamagyň jemi normasy diýilýär. Köp halatda bu görkeziji ykdysadyýete goýulýan maýa goýumlaryň JIÖ bolan gatnaşygy hökmünde aňladylýar.

Aziýanyň tiz ösýän ýurtlarynda (TÖÝ) ösen ýurtlara garanyňda süýşürintgileriň we toplamagyň jemi normasy ýokarydyr. Hut şu sebäbe görä-de bu ýurtlar ykdysadyýetini ösdürmegi başardylar.

Getirilen tablisadan görnüşi ýaly, Aziýada süýşürintgileriň we toplamagyň jemi normasy ýokary bolsa, Latyn Amerikasy we Aziýa ýurtlarynda bu görkezijileriň ikisi hem pesdir. Şonuň üçin bu yklymyň ýurtlary hemişe daşary ýurt kapitalyna mätäçlik çekýärler.

Maýa goýum işi bilen süýşürintgileriň tapawutly aýratynlygy bar. Süýşürintgiler bilen ýeke bir maýa goýum işi däl-de, döwlet býujetiniň ýetmezçiligi, töleg bolansy, ýurduň altyn walýuta ätiýaçlygynyň üstüni doldurmakda, daşarky bergini üzmekde hem ulanylýar.

Tablisadan görnüşi ýaly, ösen ýurtlarda hususan-da, ABŞ-da maýa goýumlaryň möçberi süýşürintgilerden ýokarydyr. Munuň özi ýurtdan kapitalyň iri möçberde çykýandygyny görkezýär. Aziýanyň TÖÝ-da we Ýaponiýada, tersine, süýşürintgiler maýa goýumlardan ýokarydyr. Munuň özi bu ýurtlaryň daşary söwdasynyň oňaýly galynda eýediginden gelip çykýar. Netijede, ABŞ kapitaly iri import ediji ýurda, Aziýa ýurtlary we Ýaponiýa iri eksport ediji ýurda öwrülýär.

Merkezi Ýewropa ýurtlary (MÝÝ), GDA, Orta Gündogar, Afrika ýurtlarynda süýşürintgiler maýa goýumlardan ýokary bolsa-da, olardan kapitalyň daşary ýurda çykmagy häsiýetlidir. Munuň özi kapitalyň artykmaç toplanmagy bilen däl-de, ýeterlik maýa goýum şertiniň bolmazlygyndan gelip çykýar.

Kapitalyň halkara hereketi ýa-da maliýe serişdeleriniň ýurtlaryň arasynda aýlanmagy süýşürintgileriň maýa goýumlardan artyk bolmagynyň hasabyna bolup geçýär. Maýa goýumlary süýşürintgilerden artyk bolubam

8. Sargyt № 1094.

*3-nji shema*

**Dünýäniň maliýe serişdeleriniň dolanyşygy**



biler. Ýagny emele gelen kapitala içerki bazarda isleg uly hem bolsa, ol daşary ýurtlara çykyp biler. Bu ýagdaýy ýurtda ýeterlik maýa goýum şertleriň bolmazlygy bilen düşündirmek bolar.

Maýa goýum (inwestiýa klimaty)-kapital çekmek üçin döredilen şertlerdir. Dar manyda alanyňda daşary ýurt kapitaly giň manyda ýerli we daşary ýurt maýa goýumlar üçin döredilen ýeňilliklerdir.

Maýa goýum şertleri pudak, döwlet, sebit derejelerinde öwrenmek bolar. Bu ýeňilliklere ykdysady şertler bilen bir hatarda sosial, syýasy şertler hem degişlidir.

Maýa goýum şerti töwekgelçiligiň we peýdanyň möçberi bilen bahalandyrylýar. Haýsy pudakda töwekgelçilik pes, peýda ýokary bolsa, şol pudak maýany özüne çekiji diýip hasap edilýär.

Maýa goýum şertleri maýadar tarapyndan birnäçe baha beriş ölçegleri esasynda kesgitlenýär. Maýadaryň göni (täze kärhana gursa ýa-da bilelikdäki maýa goýumlary amala aşyrsa), portfel (kärhananyň paýnamalarynyň bir böleginiň satyn alynmagy) karz (kärhana karz berse) boýunça maýa goýumlaryň hersiniň baha beriş ölçegleri hereket edýär. Göni maýa goýumlar BERI, ICRG, PRS Group, Economist Intelligence Unit agentlikler tarapyndan kesgitlenilýär. Olaryň baha beriş ölçegi 46 baldan başlap 100 bala çenli dowam edýär. Portfel maýa goýumlara we karzlara Moodys, Standart and Poors, Fitch ýaly agentlikler baha berýärler. Olaryň baha beriş ölçegi 19 derejeden ybarat bolup, Aaa-dan başlap C-da gutarýar. Ball we dereje näçe ýokary bolsa, şol ýurt ýa-da kärhananyň maýa goýum şertiniň reýtingi ýokary bolýar.

Dünýäniň maliýe serişdeleri onuň hereketi esasynda dürli gatnaşyklaryň we halkara ykdysady guramalaryň arasynda paýlanylýar. Onuň bir bölegi ýurtlaryň altyn walýuta ätiýaçlygyna, bir bölegi ýeňillikli şertlerde kömek etmek üçin gönükdirilýär. Maliýe serişdeleriniň agramly bölegi dünýäniň maliýe bazarynda (dünýäniň kapital bazarynda) satylýar we satyn alynýar. Maliýe serişdeleriniň dolanyşygyny ýa-da gaýtadan paýlanyşyny şu shema arkaly şekillendirmek bolar.

## 8.2. Dünýäniň kapital bazary

Dünýäniň maliýe bazaryna (kapital bazary) dürli baha bermek bolar. Ýerine ýetirýän wezipesi boýunça walýuta, deriwatiwler, ätiýaçlandyryş

hyzmatlary, paýnamalar, göni maýa goýumlar bazaryna bölünýär. Olar hem öz gezeginde birnäçe ugurlara, mysal üçin, gymmat bahaly bergidarlyk kagyzlar bazarlaryna we bank karzlary bazarlaryna bölünýär.

Dünýäniň kapital bazarynyň karz amallary iki bölege bölünýär.

1. Pul bazary.
2. Kapital bazary.

Pul bazary gysga möhletli bolup, ol pul serişdeleriniň toplanmagyna we gönükdirilmegine düşünilýär. Gysga möhletli pullar az wagtyň içinde ýokary peýda almak üçin peýdalanylýar. Pul bazary peýdakeşlik (spekulýatiw) häsiýetlidir. Şeýle serişdelere «gyzgyn pullar» diýilýär. Maliýe serişdelerine islegiň ösýän wagty olar maliýe merkezlerine tarap akýarlar. Maliýe çökgünligi şertlerinde ýene-de yzyna dolanýar.

Dünýäniň pul bazary bilen kapital bazaryny tapawutlandyrmak kyndyr. Walýuta kurslarynyň, bank göterimleriniň, paýnamalaryň bahalarynyň üýtgemegi bilen bu bazarlar ugruny üýtgedýärler. Ýagny, pul bazary kapital bazaryna, kapital bazary bolsa pul bazaryna öwrülýär. Munuň özi dünýäniň maliýe bazarynyň durnuksyzlygyna getirýär we bu durnuksyzlyk barha ösýär. Beýleki tarapdan, maliýe serişdeleriniň globallaşmagy netijesinde maliýe bazarlarynyň birinde ýüze çykan ykdysady näsazlygyň beýleki maliýe bazaryna öz täsirini ýetirýänligi bilen düşündirmek bolar. Gysga möhletli karzlaryň möçberiniň ulanylmagy dünýä maliýe çökgünligine getirip biler.

Dünýä maliýe bazaryna esasy gatnaşyjylar bolup TMK-lar, halkara banklar (olara maliýe institutlary hem diýilýär), halkara guramalary we döwlet edaralary çykyş edýär. Şeýle hem fiziki taraplaryň serişdeleri hem gatnaşýar. Fiziki taraplaryň pul serişdeleri banklaryň üsti bilen gatnaşýar.

Halkara banklar ýa-da maliýe institutlary özüne ätiýaçlandyryş kompaniýalaryny, pensiýa fondlaryny, inwestisiýa kompaniýalaryny birleşdirýär. Bu serişdeler ýerli we daşary ýurt raýatlaryna degişli bolup, esasan, gymmat bahaly kagyzlar görnüşinde çykyş edýärler.

Maliýe serişdeleriniň has köp toplanan, olaryň has işjeň, has çalt hereket edýän ýerine dünýä maliýe merkezleri diýilýär. Şeýle merkezlere ABŞ-da Nýu-Ýork we Çikago; Ýewropada – London, Frankfurt, Pariž, Sýurih, Ženewa, Lýuksemburg; Aziýada – Tokio, Singapur, Gonkong, Bahreýn degişlidir. Keýptaun, San-Paulu, Şanhaý ýaly ýerler maliýe merkezine öwrülmäge dalaş edýärler. Karib deňzindäki ada döwletleri bolan Panama, Bermud, Bagam, Kaýmanlar, Antil ýaly ýerler dünýäniň ofşor merkezi hasaplanylýar.

Dünýä maliýe merkezinde dünýäniň maliýe bazarynyň agramly bölegi ýerleşýär. Bu serişdeler diňe bir ýurduň maýasy bolman, dünýäniň dürli sebitlerinden çekilen maliýe serişdeleri

degişlidir. Maliýe merkezleriniň az sanly ýurtlarda jemlenmegi aýratyn mana eýedir. Daşyndan çekilen serişdeler maliýe merkezine gelmek bilen, «milli öwüşgini» ýitirýärler we bu ýerde olar «öz öýünde» ýaly duýýarlar. Merkezlerde döredilen ýeňillikler diňe bir olaryň ýerleşen şäherlerinde däl-de, onuň ýerleşen döwletiniň beýleki periferiýalarynda (welaýat, guberniýa, prowinsiýa we ş.m.) erkin hereket etmegine mümkinçilik döredýär.

Ösüp gelýän we geçiş häsiýetli ýurtlara bazar emele gelýän ýa-da «döräp gelýän» bazar diýilýär. Ösen ýurtlaryň bazaryna kämil bazar diýilýär. Bazar emele gelýän ýurtlara Ýewropada – Polşa, Çehiýa, Russiýa, Aziýada – Hindistan, Indoneziýa, Günorta Koreýa, Singapur, Malaýziýa, Taýwan, Türkiýe, Hytaý, Afrikada – Gunorta Afrika Respublikasy (GAR), Latyn Amerikasynda – Braziliýa, Meksika degişlidir. Bu ýurtlaryň bazarlary uly däldir. Emma pudaklaryň ýokary girdejililigi, ýokary ykdysady ösüş daşary ýurtly maýadarlary imrindirýär.

**Dünýäniň walýuta bazary.** Halkara ykdysady gatnaşyklarda bir walýuta beýleki bir walýuta öwrülýär. Walýutalaryň şeýle alyş-çalşygy walýuta bazarynda bolup geçýär.

Söwda amallary walýutanyň geljekdäki kursy boýunça hem baglaşylýar. Onuň maksady walýuta kursunyň üýtgemegi bilen ýüze çykýan töwekgelçiligiň derejesini peseltmekden ybaratdyr. Şeýle amallar diňe peýdanyň möçberini ýokarlandyrmak üçin geçirilýär. Ýöne şeýle amallar ätiýaçlandyrylan däldir.

Şeýle amallara peýdakeşlik (spekulýatiw ) amallary diýilýär. Bir günde şeýle amallaryň möçberi 1,5 trilliona, bir ýylda 400 trillion dollara golaýdyr.

Walýuta we deriwatiw bazarlaryna esasy gatnaşyjylar bolup täjirçilik banklary çykyş edýär. Täjirçilik banklary öz müşderileriniň görkezmesini ýerine ýetirmek bilen çäklenmän, banklaryň hususy aktiwlerini şeýle amallardan peýda almaga gönükdirýärler. Merkezi hem walýuta bazarlaryndaky amallara gatnaşýarlar. Walýuta interwensiýasyny geçirmek bilen, ýurduň altyn walýuta ätiýaçlygyndaky serişdeleri bir gezekde satýarlar ýa-da satyn alýarlar.

Walýuta interwensiýanyň kömegi bilen kurs sazlaşdyrylýar. Köp döwletlerde walýuta kursy hereket edýän kurs bolup, ol milli we daşary walýutanyň bir-birine bolan gatnaşygy isleg we teklibiň esasynda sazlaşdyrylýar.

Walýuta we walýuta deriwatiwleriniň söwdasy maliýe merkezleriniň hemmesinde alnyp barylýar. Walýuta kurslarynyň hemme görnüşleriniň söwdasy boýunça birinji orunda London durýar. Walýuta fýuçersleri dünýäde giňden ýaýran amal bolup, onuň iň köp ulanylýan ýeri Çikagodyr.

Islendik ýurduň walýutasyny bir-birine çalşyp bolýar. Emma iri alyş-çalyş amallary käbir walýutalarda geçirmäge ýykgyn edýärler. Şeýle walýuta ilkinji nobatda amerikan dol-

lary degişlidir. Walýuta amallarynyň ýarysyna golaýy dollarda amala aşyrylýar. Ýewronyň ähmiýeti barha ýokarlanýar. Şeýle hem ýapon iýe-nasynyň alyş-çalyş amallarynda mö-hüm paýy bardyr. Soňky wagtlarda hytaý ýuany we rus rubly sebitleýin häsiýete eýe bolup başlady.

**Deriwatiwleriň dünýä bazary.** Maliýe deriwatiwleri − maliýe gural-lary bolup, olara paýnamalar, obliga-siýalar, walýuta we şertnamalar, wal-ýuta görnüşli opsionlar (paýnamany satmaga we satyn almaga bolan hu-kuk), swop (ylalaşyk), fýuçers (geljek-de ugradyljak ýüküň walýuta kursuna laýyklykda bahasy) degişlidir.

Deriwatiwler bazary beýleki wal-ýuta bazarlary bilen berk baglany-şyklydyr. Onuň beýleki bazarlara baglylygy bir walýutanyň beýleki walýuta, bir gymmat bahaly kagyzyň beýleki gymmat bahaly kagyza çal-şylmagy esasynda bolup geçýär.

Häzirki günde dünýäde deriwa-tiwleriň ortaça gymmaty üç ýüz trillion dollardan gowrak. Onuň agramly böle-gi swop we walýuta fýuçersleriň paýy-na düşýär.

**Dünýäniň bergidarlyk gym-mat bahaly kagyzlar bazary.** Kagyz bazary bergidarlyk gymmat bahaly kagyzlardan we bank karzlaryndan ybaratdyr. Bu bazar esasan gymmat bahaly kagyzlar bolan wekselden we obligasiýalardan ybaratdyr. Dünýäniň bergidarlyk gymmat bahaly kagyzlar bazarynda döwletler görnükli orun tut-ýar. Dünýä şeýle kagyzlaryň umumy möçberi 23 trillion dollar hasaplanyl-ýar. Ol kagyzlar, esasan, 68 ösen ýurt-lara degişlidir. Dünýäniň şeýle kagyz-lar bazarynda gymmat bahaly kagyzlar milli walýutada hem çykarylýar. Olar ýerli ilat üçin çykarylýar. Daşary ýurt-lar üçin çykarylýan bergidarlyk gym-mat bahaly kagyzlary her ýurtda dürli atlandyrylýar. Mysal üçin, ABŞ-da, Ýankee bonds, Ýaponiýada-Samourai bonds, Şwesiýada-Chocolate bonds diýip atlandyrylýar. Şeýle gymmat ba-haly kagyzlarda we ýewroda çykaryl-ýar.

**Dünýä bank karzlarynyň ba-zary.** Bu bazar dürli maliýe ssudala-ra, zaýomlara, karzlara ýöriteleşendir. Karz berijiler banklardyr. Karz alyjylar bolup, dürli kompaniýalar we hökü-metler çykyş edýär. Bu bazara kähalat-da bankara bazar hem diýilýär. Sebäbi banklar hem özara karz geleşigini alyp barýarlar.

**Ýewrodollarlar.** Dünýä bank karz bazarynda maliýe serişdeler bir ýurduň banklaryndan beýleki ýurduň banklaryna geçmek bilen, halkara ykdysady gatnaşyklara hyzmat edýär. Bu serişdeler dürli ýurtlara geçmek bi-len milliligini ýitirýärler. Olar depozit görnüşinde Ýewropanyň banklarynda ýerleşýär. Şonuň üçin olara ýewrodol-larlar diýilýär.

Häzirki günde ýewrodollarlaryň umumy möçberi 10 trillion dollar-dan gowrak bolup, onuň 3/2 böle-gi amerikan dollarynda jemlenendir.

Ýewrodollarlaryň ýa-da ýewrobazarynyň ösmeginiň birnäçe sebäpleri bar. Birinjiden, maliýe serişdeler bolan taraplar öz ýurtlaryndaky syýasy, sosial, ykdysady durnuksyzlyk sebäpli daşyna çykarylýar. Ikinjiden, ol pullaryň köpüsiniň gelip çykyşy kanuny däldir ýa-da şübhelidir. Üçünjiden, maliýe merkezleriniň köpüsinde puluň gelip çykyşy soralmaýar we dünýäniň islendik nokadyna geçirmäge mümkinçilik döredilendir.

**Dünýäniň ofşor merkezleri.** Soňky wagtlar ofşor merkezleriniň ähmiýeti barha ýokarlanýar. Ofşor merkezi munuň özi dürli salgyt, walýuta we beýleki ýeňillikler hereket edýän ýurtlardyr. Köp ýurtlardan rezident däller dürli hojalyk amallaryny şu ýerde amala aşyrýarlar. Käbir halatda geçirilmedik amallar hem bu merkezlerde hasaba alynýar. Şeýle merkezlere Lihtenşteýn, Normand adalary, Karib deňzindäki ada döwletleri degişlidir. Bu merkezlerde bäş trilliondan gowrak maliýe serişdeleri jemlenendir. Merkezlerde ýeke bir dürli amallar geçirilmän, olar dünýäniň iri, abraýly banklarynyň paýnamalaryny hem satyn alýarlar.

**Dünýäniň paýnamalar bazary.** Dünýäniň paýnamalar bazarynyň umumy gymmaty 2005-nji ýylda 39 trillion dollara barabar boldy. Olaryň içinde görnükli orun ösen ýurtlara degişlidir. Paýnamalaryň goýberilmegi maliýe serişdelerini bir ýere jemlemegiň we gerekli ugra gönükdirmegiň çeşmesi hasaplanylýar. Germaniýada, Italiýada we Fransiýada bu iş bank paýnamalarynyň üsti arkaly amala aşyrylýar. Ykdysadyýeti geçiş häsiýetli ýurtlar hem bu ugra ýykgyn edip başladylar. Ýöne bazar ykdysadyýetiniň emele gelip başlan ýurtlarynda ykdysadyýetiň durnuksyzlygy sebäpli paýnamalaryň satylyşy we satyn alnyşy onçakly giň ýaýran däldir.

**Dünýäniň birža fondlary.** Hemme döwletlerde birža fondlary hereket etmeýär. ABŞ-da gymmat bahaly kagyzlaryň söwdasy elektron söwda ulgamynyň üsti arkaly amala aşyrylýar. ABŞ-da bu ulgama (NASDAQ) diýilýär. Şeýle hem ABŞ-da sekýuritizasiýa, ýagny ýokary girdejili we ýokary töwekgelçilikli geljekde alynjak girdejilere goýulýan maýa goýumlar işjeň ösdürilýär. Şeýle bazar fondlaryna esasy gatnaşyjylar bolup banklar çykyş edýär. Dünýäniň iri birža fondlaryna Nýu-Ýork, Çikago, Tokio, Osaka, London, Frankfurt, Berlin, Pariž, Amsterdam, Milan biržalary degişlidir.

**Göni maýa goýumlar maliýe serişdesi hökmünde.** Göni goýumlar maýadarlara kompaniýanyň paýnamalarynyň 10%-den az bolmadyk bölegine eýeçilik etmäge, dolandyryşa gatnaşmaga mümkinçilik berýär. Kompaniýanyň aktiwleriniň bir bölegi daşary ýurda degişli bolsa, halkara kompaniýasy hasaplanylýar. Daşary ýurda degişli kapital beýleki bir ýurtda göni önümçilige goşulýan bolsa, oňa göni daşary ýurt maýa goýumlary diýilýär. Göni maýa goýumlarynyň dünýädäki möçberi örän uludyr.

Beýleki maliýe serişdeleri ýaly, ykdysady ösüş mahaly göni maýa goýumlar hem artýar. Mysal üçin, 2001-nji ýylda onuň möçberi 1,4 trillion, 2003-nji ýylda 0,6 trillion dollara barabar boldy. Göni maýa goýumlaryň eksportynyň 87%-i ösen ýurtlaryň paýyna düşýär we importynyň 59%-i ýene ösen döwletlerde jemlenýär. Ösüp gelýän ýurtlarda göni maýany köp çekýän ýurtlar bolup çalt senagatlaşýan döwletler çykyş edýärler. Aýratyn-da Hytaý bu ugurda has öňe gidip, ABŞ-dan soň dünýäde ikinji orunda durýar.

## 8.3. Maliýe kömekleri

Maliýe serişdeleriniň bellibir bölegi yzagalak ýurtlara kömek etmek üçin ulanylýar. Şeýle kömekler dürli görnüşde amala aşyrylýar.

Ýeňillikli şertlerde harby ýaraglary satmaga harby kömek (iňlisçe military assistance) diýilýär. Döwletiň we halkara guramalarynyň ýeňillikli şertlerde edýän kömegine (iňlisçe official development assistance) «ösüş üçin resmi kömek» diýilýär. Resmi kömege tehniki (iňlisçe technical cooperation), azyk (food aid), tebigy betbagtçylyklary ýeňip geçmek üçin berilýän (emergency aid), ozalky bergileri geçmek ýaly, kömekler degişlidir. Edilýän kömekleriň bir bölegi yzyna gaýtarylmasyz, ýagny grant (peşgeş) görnüşinde berilýär. Galan bölegi bank karzyna garanyňda has ýeňillikli şertlerde berilýän karz kömekleridir.

Ýokarda bellenip geçilen kömekleriň görnüşine garamazdan, hemmesine maliýe kömegi diýilýär. Sebäbi olaryň hemmesi pul ekwiwalentinde aňladylýar. Maliýe kömegi täjirçilik karzyndan tapawutlandyrmak üçin «grant-element» diýlen düşünje ulanylýar. «Grant-element» berilýän ýeňillikleriň derejesini kesgitlemekde ulanylyp, ol şu formula bilen hasaplanylýar.

$$\mathrm{Egr} = \left(1 - \sum_{i=1}^{t} \frac{B_i}{A(1+a)t}\right)100,$$

bu ýerde Egr – grant-element, $B_i$ – berginiň hakyky berilmeli bölegi, $i$ – ýyl, $A$ – berlen kömegiň möçberi, $a$ – göterimiň derejesi (adatça 10%-e deň bolýar), $t$ – karzyň möhleti.

Maliýe kömekleriniň esasy çeşmesi ösen ýurtlardyr. 2005-nji ýylda ösüşe resmi kömegiň möçberi 100 milliard dollara barabar boldy. Bu kömegiň agramly bölegi ikitaraplaýyn (döwletden-döwlete geçirilmegi) häsiýete eýedir. Galan bölegini halkara ykdysady guramalaryň ösüp gelýän

ýurtlara beren serişdeleri tutýar. Ösen ýurtlarda döwletiňki bolmadyk guramalar hem her ýyl 12–15 milliard dollarlyk serişdäni «grant» görnüşinde ösüp gelýän ýurtlara ugradýarlar.

Resmi kömegiň agramly bölegi ÝS ýurtlaryna düşýär. ÝS ýurtlarynyň resmi kömeginiň möçberi ortaça JIÖ--niň 1%-ne deňdir. Aýratyn-da Skandinaw ýurtlarynda bu görkeziji has ýokarydyr. ABŞ her ýyl 30 milliard dollar görnüşinde resmi kömek edýän hem bolsa, onuň paýy JIÖ-niň 0,2%-ne deňdir.

Ýaponiýada her ýylda 13 milliard dollar möçberindäki serişdeler kömek üçin gönükdirilip, ol serişdeler JIÖ-niň 0,3%-ne deňdir. Nebiti eksport edýän arap ýurtlaryndan hem her ýyl birnäçe milliard dollar kömek üçin çykarylýar.

Ösen ýurtlaryň şeýle kömeklerinden yzagalak, kähalatda geçiş häsiýetli ýurtlar hem peýdalanýarlar. Resmi kömegiň iň köp berlen wagty 2004-nji ýyl hasaplanylýar. Bu ýylda kömek alýan her ýurda 1 milliarddan 2 milliard dollara çenli barabar serişdeler goýberildi. Kömek alýan ýurtlara Ýakyn we Orta Gündogarda – Owganystan, Müsür, Yrak, Palestina, Günorta we Günorta Gündogar Aziýada – Bangladeş, Wýetnam, Pakistan, Afrikada – Gana, Gambiýa, Efiopiýa, geçiş häsiýetli ýurtlarda – Hytaý, Serbiýa, Çernogoriýa degişlidir.

Resmi kömekleri adam başyna paýlanyňda ortaça 100 dollara, ilaty az ýurtlarda 300 dollara ýetýär. Käbir döwletlerde bu kömekler ýurduň girdejisiniň esasy bölegini tutýar. Mysal üçin, 2004-nji ýylda edilen resmi kömek Gruziýanyň JMG-niň 6%-ni, Owganystanyň 38%-ni, Liberiýanyň 53%-ni tutdy.

Ösen döwletler tarapyndan edilýän kömekler dürli maksatlary hem yzarlaýar. Ösen ýurtlar dürli kömegi bermek bilen, öz ykdysady modeline meňzeş ösüş ýoluny kömek alýan ýurda ornaşdyrmaga jan edýärler. Şonuň üçin käbir halatlarda bu kömek syýasy öwüşgine eýe bolýar.

Syýasatlaşdyrylan harby kömekler, esasan, dostlukly döwletleriň arasynda alnyp barylýar. Halkara kömekleriniň ýerli emeldarlar we telekeçiler tarapyndan paýlaşylmagy hem uly meseleleriň birine öwrüldi.

## 8.4. Dünýäniň altyn walýuta ätiýaçlygy

Fiziki, ýuridiki taraplaryň, döwletiň we guramaçylaryň serişdeleriniň bir bölegi geljekdäki çykdajylar üçin ýygnalyp goýulýar. Ýygnalyp goýlan

serişdelere bolsa altyn walýuta ätiýaçlygy (AWÄ) diýilýär. Döwletiň daşary ýurt walýutasyndan we altyndan ybarat ätiýaçlygyna resmi AWÄ diýilýär.

Bu serişdeler Merkezi banklarda, döwlet maliýe edaralarynda, HPG-da saklanylýar. Fiziki we ýuridiki taraplar hem şeýle ätiýaçlyklary saklaýarlar. Ýöne ýurduň AWÄ-sine seljerme berlende diňe döwletiň AWÄ-niň möçberine seredilýär.

Resmi AWÄ-niň ýurduň halkara töleg ukybyna, halkara walýuta-hasaplaşyk işlerine, halkara maliýe borçnamalaryna hyzmat edýär. AWÄ-niň beýleki ýerine ýetirýän wezipesi milli puluň kursuny sazlaşdyrmakdyr. Merkezi banklar AWÄ-niň üsti bilen walýuta interwensiýasyny geçirýär. AWÄ-niň iň pes derejesi harytlaryň we hyzmatlaryň alty aýlyk importyndan pes bolmaly däldir. Bu görkeziji ählumumy ykrar edilendir.

Dünýäniň AWÄ-niň möçberi 4 trillion dollara barabardyr. Onuň agramly bölegi ösen ýurtlaryň paýyna düşýär. Emma ösüp gelýän döwletler bolan Hytaýyň, Russiýanyň, Günorta Koreýanyň, Singapuryň, Taýwanyň AWÄ-leri çalt depgin bilen ösýär.

Dünýäde 30 müň tonna töweregi sap altyn AWÄ hökmünde saklanýar. Soňky on ýyllyklarda altyn halkara walýuta hasaplaşyklardan doly aýrylsa-da, özüniň ýokary likwidliligini saklaýar we islendik walýuta çalt öwrülýär. Altynyň iň köp gorlary ABŞ-a degişli bolup, onuň möçberi barha azalýar. 1961-nji ýylda onuň möçberi 15 müň tonna bolan bolsa, häzirki wagtda 8 müň tonna deňdir. Geçen asyryň başynda ýurtlaryň AWÄ-lary diňe sap altyndan ybarat bolsa, häzirki günde onuň möçberi örän pese gaçdy. Häzirki wagtda dünýäniň AWÄ-niň 3/4 bölegi amerikan walýutasynda saklanylýar. Soňky wagtlarda ýewronyň ätiýaçlyk walýuta hökmündäki ähmiýeti barha ýokarlanýar. AWÄ-niň bir bölegi hereketsiz saklanylýar. Agramly bölegi ýokary likwidli gymmat bahaly kagyzlarda, aýratynam ABŞ-nyň federal obligasiýalarynda ýa-da goşmaça girdeji almak maksady bilen, daşary ýurtlaryň banklarynda depozit görnüşinde saklanylýar.

AWÄ-niň az bölegi HPG-da hem saklanylýar. Oňa HPG-niň ätiýaçlyk pozisiýasy diýilýär. Bu guramanyň ätiýaçlyk pozisiýalaryndaky serişde SDR-den (iňlisçe special drawingrights) ybaratdyr.

Agza döwletler ilkibaşda özara walýuta – hasaplaşyk gatnaşyklarynda SDR-i ulanyp başladylar. Emma SDR dünýä pulunyň wezipesini ýerine ýetirip bilmedi. Sebäbi ol hiç bir milli ykdysadyýete esaslanmaýardy. Şonuň üçin SDR-iň goýberilmegi bes edildi. HPG-niň ätiýaçlyk pozisiýasyna agza döwletleriň hasaplaryndan ol bir gezek talap edýänçä ýörite serişdeler bölünip berildi we onuň möçberi takmynan 70 milliard dollar töweregidir.

Ýurduň daşary söwdasynyň oňaýsyz galynda eýe bolmagy bilen maliýe ýetmezçilikleri ýüze çykýar. Döwlet AWÄ-ni ulanmak islemese ýa-da onuň

möçberi importdan pes bolsa, onda döwlet halkara karzyny almaga mejbur bolýar. Halkara karzy täjirçilik we ýeňillikli şertlerde berilýär. Netijede, döwletiň daşary bergileri ýüze çykýar.

## 8.5. Daşary bergidarlyk

Ssuda kapitaly, maliýe kömegi, täjirçilik maksady bilen berlen karzlar wagty dolansoň yzyna gaýtarylmalydyr. Bergileriň bir bölegini döwlet edaralary, bir bölegini hususy kompaniýalar peýdalansa-da, ol tutuşlygyna döwlet bergidarlygy diýlip hasaplanylýar. Sebäbi hususy kompaniýalara döwlet kepilligi astynda karz berilýär.

Wagtynda tölenmedik bergiler barha ösýär. Täze alnan karzlar ozalky bergileri tölemekde ulanylýar. Şeýle ýagdaý ösüp gelýän ýurtlaryň köpüsinde hereket edýär. Ozalky sosialistik ýurtlaryň köpüsinde eksporty importdan ýokary bolsa-da, eksportdan gelen serişdeler içerki hojalyk maksatlary üçin ulanylýar. Şeýlelikde, agyr bergidarlyk ýüze çykýar.

HPG, häzirki wagtda 54 sany döwleti wagty ýeten bergileri berip bilmeýän ýurtlar hasaplaýar. Olaryň içinde 29 döwletiň ýagdaýynyň has agyrdygy bellenilýär. Daşarky bergileriň möçberi JIÖ-niň 80%-ne ýetse ýa-da ondan ýokary bolsa agyr bergidar diýlip hasap edilýär. Agyr bergidarlyk netijesinde ýurtlar daşarky bergileri we halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýarlar. Şeýle ýagdaýa defolt diýilýär. 1875-nji ýylda Türkiýe, 1876-njy ýylda Peru we Müsür, 1983-nji ýylda Gresiýa, 1989-njy we 1914-nji ýyllarda Braziliýa, 1917-nji ýylda Russiýa defolt etdiler. Häzirki wagtda algydarlar we bergidarlar ýagdaýy defolta çenli ösdürmekden ätiýaç edýärler.

Daşarky bergileriň netijeli, işjeň dolandyrylmagyna daşarky bergileriň dolandyrylmagy diýilýär. Daşarky bergileri dolandyrmak birnäçe çäreleri öz içine alýar. Olara ykdysady, syýasy, sosial, milli howpsuzlyk ýaly çäreler degişlidir. Karz serişdeleriniň ýeňledilmegine, wagtynyň uzaldylmagyna, göterimiň peseldilmegine, bergileriň ýeňilleşdirilmegine, ylmy dilde restrukturizasiýa diýilýär. Restrukturizasiýa geçen asyryň 70-nji ýyllarynda ulanylyp başlandy. Sebäbi karz şertler ýumşadylmasa bergidaryň doly tozjakdygy, algydar bolsa öz serişdelerinden doly mahrum boljakdygy belli boldy. Netijede, karz şertleri ýumşadyldy. Ozaldan galan bergiler geçirildi.

## 8.6. Maliýe serişdeleriniň globallaşmagy

Maliýe serişdeleri dünýäniň ykdysady resurslarynyň içinde has globallaşan görnüşidir. Maliýe serişdeleriniň has globallaşmagynyň sebäbi onuň çalt hereket etmäge ukyplylygydyr.

Maliýäniň globallaşmagy milli hojalykda oňaýly we oňaýsyz netijelere getirýär. Oňaýly tarapyna maliýe serişdeleriniň ýetmezçiliginiň azalmagy, ýurduň töleg balansynyň ýokarlanmagy, täze önümçilikleriň, iş orunlarynyň döremegi, bäsleşigiň ösmegi, maliýe hyzmatlarynyň arzanlamagy degişlidir.

Oňaýsyz tarapyna milli maliýe bazarynyň durnuksyzlanmagy degişlidir. Kapitalyň halkara hereketi netijesinde milli maliýe bazarynyň halkara maliýe bazary bilen baglanyşygy güýçlenýär. Netijede, dünýä bazarynda ýüze çykan çökgünlik milli bazara täsirini ýetirýär. Ikinjiden, peýdakeşlik häsiýetli maliýe serişdeleri ýokarlanýar. Şeýle maksatly serişdeler az wagtdan yzyna çekilýär we ýene-de maliýe ýetmezçiliginiň döremegine getirýär. Üçünjiden, milli hökümetleriň maliýe syýasatyny gowşadýar. Sebäbi daşary ýurt maýasynyň bähbidi bilen hökümetiň bähbidi hemişe gabat gelip durmaýar. Dördünjiden, artykmaç ýeňillikler döredilen daşary ýurt maýasy bäsleşikde ýerli maýadan üstün çykýar we onuň ösüşini bökdeýär.

Maliýe serişdeleriniň halkara hereketine has işjeň gatnaşýan subýektleriň bir TMK-dyr. TMK-laryň paýyna dünýä walýuta we deriwatiwler bazarynyň 3/1 bölegi düşýär. Walýuta bazaryndaky amallary täjirçilik banklary öz bähbitleri üçin hem geçirýär. Ýöne olar, ilkinji nobatda, müşderileri bolan TMK-laryň görkezmesini ýerine ýetýärler.

TMK-lar köplenç göni maýa goýumlaryny ulanýarlar. Bu maýa goýumlar uzak möhletli maksatlary öz içine alýar. Iri hojalyk birlikleri ägirt uly serişdeleri bir ýurda ýa-da sebite goýman, dünýäniň dürli künjeginde goýmaga ymtylýarlar. Bu meýil ýurtlaryň arasynda maýa goýum ýagdaýyny kadalaşdyrýar. TMK-lar köp ýyllyk taslamalary maliýeleşdirýärler. Şonuň üçin olara durnukly milli hojalyk zerurdyr.

Kapitalyň çalt hereket etmeginde transmilli banklar (TMB) uly ähmiýete eýedir. TMK-lar TMB-laryň müşderileridir. Hakykatdan hem TMK-lar mümkinçilik bolsa öz hasaplaryny TMB-da açýarlar. Olary birleşdirýän bähbit peýdakeşlikdir. Karz göterimleriň, paýnamalaryň kotirow-

kasynyň, walýuta kursunyň üýtgemegine maliýe görkezijileri diýilýär. Maliýe görkezijilerini wagtlaýynça üýtgetmek üçin ýüz milliardlarça serişdeler gerek. Maliýe görkezijileriň özara dilleşilip, wagtlaýynça üýtgedilmegi netijesinde TMK-lar, TMB-lar uly peýda gazanýarlar. Şeýle edilip gazanylan serişdelere peýdakeşlik (spekulýasiýa) diýilýär. Peýdakeşlikde TMK-lar we TMB-lar diňe öz bähbidini araýarlar.

Tejribeden belli bolşy ýaly, dünýä maliýe bazarynda ozalky laýyk bolup geçýän ýagdaýlary peýdakeşlikden tapawutlandyrmak kyn. Günorta-Gündogar Aziýada 90-njy ýyllaryň ahyrynda ýüze çykan maliýe çökgünligi gös-göni TMK-laryň we TMB-laryň peýdakeşlik işiniň netijesi diýlip hasap edilýär.

Dünýä maliýe bazarynyň çalt globallaşýandygyna garamazdan, milli ykdysadyýetleriň maliýe özbaşdaklygy saklanyp galýar. Bu özbaşdaklyk kapitalyň halkara hereketinde we walýuta--hasaplaşyk işlerinde has güýçli ýüze çykýar. Aýratyn-da milli bazarlaryň bank, ätiýaçlandyryş hyzmatlary, karz bazary, paýnamalar bazary daşary ýurt maýasy üçin çäklendirilendir. Munuň düýp sebäbi şeýle döwletleriň atlary tutulan bazarlarynyň gowşak ösenligi bilen düşündirilýär.

BSG-niň 1999-njy ýylda köptaraplaýyn ylalaşygyna laýyklykda 100 sany ösüp gelýän döwlet maliýe, karz, ätiýaçlandyryş, paýnamalar bazaryndaky çäklendirmeleri ýuwaş-ýuwaşdan aýyrmaga borçlandylar. Şeýle borçnamalar bolsa milli bazaryň daşary ýurt kapital üçin açylmagyna getirýär.

Maliýe serişdeleriniň globallaşmagy dünýä ykdysadyýetinde oňaýsyz täsirini hem ýetirýär. Globallaşmada milli maliýe bazarlarynyň baglylygy güýçlenýär. Baglanyşygyň netijesinde bir bazarda ýüze çykan çökgünlikler beýleki bir bazara täsirini ýetirýär. Mysal üçin, ABŞ-da ýüze çykan maliýe çökgünligi dünýä ykdysadyýetiniň ösüşine öz oňaýsyz täsirini ýetirdi.

Maliýe çökgünlikleri walýuta, bank we ulgamlaýyn görnüşde bolup, onuň sebäpleri köpsanlydyr. Olara döwletiň alyp barýan makroykdysady syýasaty, daşarky karzlaryň netijesiz peýdalanylmagy, bergileriň köpelmegi, alyş-çalyş kursunyň nädogry bellenilmegi, milli maliýe ulgamynyň gowşaklygy çykyş edýär.

Häzirki wagtda maliýe çökgünlikleriň öňüni almak üçin birnäçe teklipler, başlangyçlar, işler öňe sürülýär. Bu işlere dünýäniň täze maliýe keşbi diýilýär. Dünýäniň täze maliýe keşbiniň esasy maksady maliýe çökgünlikleri öňünden çaklamakdan, olaryň gaýdyp döremezliginiň öňüni almakdan ybaratdyr.

# IX BAP
# DÜNÝÄNIŇ BILIM-YLYM RESURSLARY

## 9.1. Bilim-ylym resursynyň ykdysadyýetdäki ähmiýeti

Döwletleriň jemgyýetiň öňündäki esasy wezipesi adamlaryň isleglerini ylmy taýdan esaslandyrylan normalara laýykda kanagatlandyrmagy, soňra bolsa maddy we ruhy eşretleriň bolçulygygny döretmegi üpjün edip biljek jemgyýetçilik zähmet öndürijiligini döretmekden ybaratdyr.

Eýsem, zähmet öndürijiligini intensiw ösdürmegiň düýpli wezipesi haýsy ýolda çözülýär? XX asyryň ortalaryndan başlap, ylmyň we tehnikanyň güýçli ösüşi başlandy. Düýpli açyşlaryň we oýlap tapyşlaryň akymy barha güýçlenip, ol pudaklaryň hemmesini öz içine aldy. Müňlerçe ýyllap dowam edip gelýän tebigy ylymlar sepleşip, täze ylymlaryň döremegine getirdi. Energiýanyň täze çeşmeleriniň açylmagy, emeli materiallaryň döredilmegi netijesinde adamyň tebigata akyl ýetirişi biçak giňeldi. Senagatyň asyrlar boýy aýry-aýry tehniki kämilleşdirmeler bilen oňňut edip gelen pudaklar tehnologiýany ýöne bir çalşyrmak bilen çäklenmän, eýsem ony her on ýyldan diýen ýaly täzeläp durmaga mejbur boldular.

Iňlis fizigi we jemgyýetçilik işgäri Jon Bernal bu zatlaryň hemmesine Ylmy-Tehniki Rewolýusiýa diýip at berdi. Bu adalga soňra ählumumy ykrar edildi. Häzirki zaman YTR-iň aýratynlyklarynyň biri hem ylmyň ornunyň düýpgöter üýtgänliginden ybaratdyr. Geçmişde ylym esasan akyl ýetirişiň guraly bolan bolsa, häzirki wagtda önümçilik prosesiniň ösüşine, zähmet gurallaryny kämilleşdirmäge gönüden-göni gatnaşýar. Pudaklarda tehnikany we tehnologiýany ornaşdyrmak bilen, jemgyýetçilik zähmet öndürijiligini bada-bat birnäçe esse ýokarlandyrmak başartdy. Diýmek, ylym özüniň kuwwatly önümçilik bazasyny edinýär. Başga sözler bilen aýdanyňda ylym gönüden-göni öndüriji güýje öwrülýär.

Soňky ýüz ýyllykda bilimiň-ylmyň ykdysady resurs hökmünde ähmiýeti artýar. Häzirki wagtda bilim we ylym esasy ykdysady resurs hasaplanylýar.

Bilim we ylym hemişe bilelikde ösýär. Bilim ylmyň ösmegine şert döredýär. Ylym bolsa ylmy-barlag we tejribe konstruktorçylyk işlerinde, (YBTKI), ylmy laboratoriýalarda emele gelýär. Häzirki wagtda adam akylyny üç topara bölüp öwrenilýär. Olara dünýäniň bilim, ylym we maglumat resurslary degişlidir.

## 9.2. Dünýäniň bilim resurslary

Bilim resursy umumy öz birnäçe ýyllaryň dowamynda toplanan netijeleri, professional tejribäni, özleşdirilip ele alnan üstünlikleri bilim ulgamynyň üsti bilen halka ýetirmekdir. Başgaça aýdanymyzda bilim eýýäm bilinýän, üsti açylan, özleşdirilen tejribedir. Ylym bolsa entek üsti açylmadyk näbellilikdir.

Häzirki wagtda bilim ulgamy şu meýillere eýedir. Ol meýillere bilim berlişiniň üznüksizligi, fundamental we professional bilimiň giň gerime eýe bolmagy, dersleriň özara baglanyşygy, bilimleriň diwersifikasiýasy, ýokary mekdepleriň bäsleşigi, okadylyşyň görnüşleriniň kämilleşmegi, demokratiýalaşma, halkaralaşma degişlidir. Ösen döwletlerde bilim, aýratyn-da ýokary we ýörite bilim birnäçe basgançaklara bölünýär. Okan ugruň boýunça alan diplomyň işe ýerleşmekde, gulluk, wezipe boýunça öňe süýşmekde, aýlyk hakynyň ýokary bolmagynda uly ähmiýete eýedir.

Bilim berlişinde döwletleriň arasynda uly tapawutlar bar. Ösen döwletler tutuşlygyna ýokary bilime geçmegiň ýolunda hereket edýärler. Ösüp gelýän döwletlerde ýokary bilimlileriň sany örän az. Olaryň käbiri köp möhletli meýilnama boýunça tutuşlygyna orta bilime geçmegi göz öňünde tutsa, beýleki yzagalak ýurt sowatsyzlygy aradan aýyrmagyň ýoluny gözleýär.

Döwletleriň bilim resurslary bilen üpjünçiligine baha bermegiň şu aşakdaky görkezijileri ulanylýar:

– JIÖ-niň çykdajylarynda bilim ulgamynyň paýy.
– Bilim çykdajylarynyň bir adama düşýäni.
– Orta mekdebi doly gutaranlaryň sany.
– 18–29 ýaşdakylaryň arasynda talyplaryň paýy.
– On müň adama düşýän talyplaryň sany.
– Jemi ilatyň içinde ýokary bilimlileriň paýy.
– Talyplaryň umumy jeminde daşary ýurtlularyň paýy.

Häzirki wagtda bilim berlişi barha kämilleşýär. Bilim berlişiniň hili berilýän bilimleriň köplüginde däl-de talybyň özbaşdak taýýarlanmagy, täze maglumatlaryň üstünde özbaşdak taýýarlanyşynyň derejesi bilen kesgitlenýär. Sebäbi fundamental we tebigy bilimlerden beýlekileri çalt könelýär. Şonuň üçin dünýäniň belli bilim ojaklarynda talybyň özbaşdak taýýarlanmagyna uly üns berilýär.

Dünýäniň ösen döwletlerinde bilim resursyna berilýän üns ýokarydyr. Aşakdaky görkezilen 5-nji tablisa arkaly ýurtlaryň bilim resurslarynyň kriteriýalary boýunça paýlanylyşyna seljerme bereliň:

*5-nji tablisa*

**Dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynda bilim resurslarynyň paýlanyşy**

| Yurtlar | JIÖ-niň harajatlarynda bilim ulgamynyň paýy, %-de | On müň adama düşýän talyplaryň sany | Umumy ýaşlaryň arasynda talyplaryň paýy | 74 ýaşlylaryň arasynda ýokary bilim alanlaryň sany | Talyplaryň umumy jeminde daşary ýurtlularyň sany |
|---|---|---|---|---|---|
| ABŞ | 5,7 | 387 | 83 | 33,9 | 4 |
| Ýaponiýa | 3,6 | 233 | 52 | 32,0 | 2 |
| Gunorta Koreýa | 4,2 | 393 | 89 | 30,8 | – |
| Şwesiýa | 7,7 | 388 | 87 | 35,7 | 7 |
| Finlýandiýa | 6,4 | 527 | 87 | 42,5 | 2 |
| Beýik Britaniýa | 5,3 | 243 | 63 | 39,7 | 11 |
| Fransiýa | 5,6 | 260 | 55 | 41,9 | 7 |
| Germaniýa | 4,8 | 215 | 50 | 18,7 | 10 |
| Italiýa | 4,7 | 309 | 59 | 25,0 | 2 |
| Russiýa Federasiýasy | 3,8 | 336 | 65 | 25,6 | 1 |

Çeşmesi: Scince Linging Report 2014.

Tablisadan görnüşi ýaly, bilim ulgamyna JIÖ-niň harajatlarynyň göterim derejesi boýunça hasaplanymyzda 1-nji, 2-nji orunlary Şwesiýa bilen Finlýandiýanyň eýeleýändigini görüp bolýar. Beýleki baha beriş görkezijiler boýunça seljerme berlende öňdäki orunlary ýene-de Şwesiýanyň, Finlýandiýanyň we Günorta Koreýanyň eýeleýändigini görmek bolýar.

Soňky on ýyllykda osen ýurtlaryň bilim berlişiniň düzümi bir-birine ýakynlaşýar. Häzirki wagtda ösen döwletlerde talyplaryň 2/3 bölegi gumanitar ugurlarda, 1/3 bölegi tebigy we tehniki ugurlar boýunça bilim alýarlar. Ýokary mekdebi tebigy ugurlar boýunça tamamlaýanlaryň sany tapawutlydyr. Bu görkeziji ÝS-de 30%-e, ABŞ-da 17%-e, Ýaponiýada 12%-e, barabardyr.

ÝS döwletlerinde bilimi maliýeleşdirmekde döwletiň paýy ýokary bolsa, ABŞ-da we Kanadada bilimi maliýeleşdirmekde hususy sektoryň paýy ýokarydyr.

Ösen ýurtlarda bilimi maliýeleşdirmekde döwletiň gatnaşmagy bilen bir hatarda hususy taraplar hem giňden gatnaşdyrylýar. Hususy sektoryň bilimi maliýeleşdirmäge gatnaşmagy iki ugur boýunça amala aşyrylýar. Birinji ugra «bilimiň girdejileri» diýilýär. Ol hususy taraplardan gelýän göni we gytaklaýyn serişdeleri özünde jemleýär. Ikinji ugra «sosial peýda» diýilýär. Ol bilimi ösdürmek üçin tutuş jemgyýetden gelýän girdejilere esaslanýar.

Köp ýurtlarda bilimi maliýeleşdirmekde döwletiň ähmiýeti uly. Soňky ýyllarda hususyýetçilerden çekilýän serişdeler hem barha köpelýär. Bu ýagdaý ösüp gelýän ýurtlarda hem ýüze çykyp başlady. Hususy sektoryň bilimi maliýeleşdirmäge giňden çekilip başlanmagy döwlet serişdeleriniň ýetmezçilik edýändiginden gelip çykýar.

Döwletleriň ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlaýyş derejeleri tapawuda eýedir. Bu ugurda öňdebaryjy döwletlere ÝS, Günorta Koreýa, Ýaponiýa we Russiýa degişlidir. ÝS-de her ýyl 2 million adam bakalawr, 0,6 million adam kandidatlyk derejesini alýar. Bu görkeziji ABŞ-da 2,15 million, Ýaponiýada 1,1 million, Russiýada 1 milliona deňdir.

1999-njy ýylyň iýunynda Italiýanyň Bolonýa şäherinde Ýewropa ýurtlarynyň bilim ministrleriniň gatnaşmagynda «Ýewropa giňişliginde ýokary bilim barada Deklarasiýa» kabul edildi. Häzirki wagtda oňa kyrkdan gowrak döwlet gatnaşýar. Bu Deklarasiýa «Bolonýa işi» hem diýilýär. Onuň maksady ýurtlaryň ýokary bilim ulgamyny sazlamak, bir standarta getirmek, ýokary bilim baradaky diplomy özara ykrar etmekden ybaratdyr.

Soňky ýigrimi ýylyň içinde Aziýa döwletleriniň içinde bilim-ylym ulgamynda uly üstünliklere ýeten döwletler ýüze çykyp başlady. Olara ilkinji nobatda Ýaponiýa we Günorta Koreýa degişlidir. Hindistan, Saud Arabystany, Türkiýe, Gazagystan ýaly döwletlerde bu ulgam üstünlikli ösdürilýär.

Daşary ýurt talyplaryny iň köp çekýän ýurt Beýik Britaniýadyr. Bilim berlişiniň ýokary derejesi, erkinlik, döredilýän sosial mümkinçilikler bu ýurtda bilim almaga isleg bildirýänleriň yzygiderli artmagyna getirýär.

Bilim berlişi soňky ýyllarda global häsiýete eýe boldy. Bu migrasiýanyň akymy ösüp gelýän ýurtlardan ösen ýurtlara tarapdyr. Zähmet hakynyň deň bolmazlygy, zähmete goýulýan sarpa, erkin döredijilik, taýýarlanan ugrundan iş tapmazlygy, sosial şertler we ş.m. migrasiýanyň esasy sebäpleridir. Ýokary taýýarlykly hünärmenleriň daşary ýurtlara işlemäge gitmegine «akyl ýitgisi» diýilýär. «Akyl ýitgisi» migrasiýanyň beýleki görnüşlerine garanyňda has howplusydyr. Ýokary taýýarlykly hünärmenleri kabul edýän ýurt hemmetaraplaýyn utuş gazanýar. Olar hünärmen ýetişdirmek üçin wagty

9. Sargyt № 1094.

we serişdäni tygşytlaýar, ýurduň ylmy üpjünçiligi berkeýär. Ýokary taýýarlykly hünärmenleriň gidýän ýurdy bolsa hemmetaraplaýyn utuşa sezewar bolýar.

Ösen ykdysadyýet diňe ylma daýanýar. Akyl zähmetini çekýän migrantlary kabul edýän ýurtlara, ilkinji nobatda ABŞ, ÝS, Kanada, Awstraliýa we Ysraýyl degişlidir.

ABŞ-da akyl zähmetini çekýän migrantlaryň ýurda gelmekleri üçin dürli ýeňillikler döredilýär. Häzirki wagtda ABŞ-a hemişelik ýaşamaga gidýänleriň 40%-i akyl zähmetini çekýärdiler. Diňe ozalky soýuz respublikalaryndan «grin kart» meýilnamasyna laýyklykda dokuz ýüz müňe golaý hünärmen çekildi.

Nobel baýragyna mynasyp ABŞ-ly alymlaryň 33%-i bu ýurda hemişelik göçüp baranlardyr. Şeýle syýasatyň ýöredilmegi ABŞ-nyň dünýäde hemmetaraplaýyn güýçli, taýsyz döwlete öwrülmegine getirdi.

«Akyl» migrasiýasynyň esasy akymlarynyň biri-de ösen döwletlerde kandidatlyk, doktorlyk dissertasiýany goranlaryň şol ýurtda galmagydyr. Tehniki ugurlar boýunça doktorlyk dissertasiýany goraýanlaryň 90%-i ABŞ-nyň özünde hemişelik galýar. Bu görkeziji boýunça Angliýa 39%-e, Germaniýa we Ýaponiýa 4%-e eýedir. Hindistanyň we Hytaýyň daşary ýurtlarda ylmy dissertasiýalaryny goran alymlarynyň 63%-i yzyna dolanýar. Akyl migrasiýany özüne çekýän ýurtlar bilim berlişiniň ýokary derejesi we bäsleşige ukyplylygy bilen tapawutlanýar. Daşary ýurt talyplarynyň köpelmegi uniwersitetleriň býujetine serişdeleriň gelip durmagyny üpjün edýär. Beýleki taraplardan ýurduň bilim ulgamynyň ýagdaýyny dünýä derejesinde açyp görkezýär. Daşary ýurtly talyplaryň köp okaýan ýurtlary bolup ABŞ, Angliýa, Germaniýa, Fransiýa we Kanada çykyş edýär.

Soňky iki ýyllykda Aziýa döwletlerinde milli kadrlary milli uniwersitetlerinde ýetişdirmäge uly üns berilýär. Ozalky giden hünärmenleri yzyna getirmek barada alada edilýär. Ylmy-tehniki syýasatyň netijesinde bu mesele käbir döwletlere başartdy. Mysal üçin, diňe Hytaýyň özünde tehniki, inženerlik we tebigy ugurlar boýunça her ýyl 8,2 müňe golaý adam doktorlyk derejesini alýar.

## 9.3. Dünýäniň ylym resurslary

Ylmy resurs YBTKI-de, önümçilikde, innowasiýalaryň önümçilige ornaşdyrylmagynda, kämilleşdirilen önümleriň we tehnologiýalaryň ornaş-

dyrylmagy bilen häsiýetlendirilýär. YBTKI-niň ösmegi ilkinji nobatda onuň üpjünçilik derejesine baglydyr. Onuň üpjünçiligе, ylmy-barlag enjamlara, guramaçylyk düzüme, döwletiň syýasatyna, döredilen innowasion şertlere, jemgyýetiň ylmy netijelere bolan islegine baglydyr.

Ylmy resursyň ösüşini häsiýetlendirýän birnäçe görkezijiler ulanylýar. Olara aşakdakylar degişlidir.

– Jemi içerki önümiň harajatlarynyň YBTKI-i paýy.
– YBTKI bilen meşgullanýanlaryň sany.
– Ylmy neşirleriň sany.
– Halkara baýraklaryň sany (gazanylan üstünlikler üçin).
– Tehnologik galyndy (satylan we satyn alnan patentleriň, ygtyýarnamalaryň tapawudy).
– Senagat pudaklarynda ýokary tehnologiýaly pudaklaryň paýy.

YBTKI-niň netijeliligi senagatyň, hususy sektoryň innowasion işjeňligine, onuň islegine baglydyr. Şonuň üçin ylmy resurslaryň netijeliligine baha berlende ýokary tehnologiýaly harytlaryň eksportdaky paýyna,

*6-njy tablisa*

**Dünýäde öňdebaryjy ýurtlaryň YBTKI-niň resurs üpjünçiligi we onuň netijeliligi**

| | JIÖ-niň harajatlarynyň YBTKI paýy, %-de | Ylmy işgärleriň on müň adama düşýän sany | Galyndysyz tehnologiýa mlrd. dollar hasabynda 2004 ý. | Senagat eksportynda ýokary tehnologiýaly harytlaryň paýy %-de |
|---|---|---|---|---|
| ABŞ | 2,6 | 93 | +28,7 | 32 |
| Ýaponiýa | 3,2 | 104 | +2,1 | 24 |
| G.o. Koreýa | 2,6 | 68 | –2,7 | 32 |
| Şwesiýa | 4,0 | 106 | +2,0 | 17 |
| Finlýandiýa | 3,5 | 177 | –0,4 | 21 |
| Beýik Britaniýa | 1,9 | 55 | +3,7 | 24 |
| Fransiýa | 2,2 | 75 | +1,9 | 19 |
| Germaniýa | 2,6 | 69 | –0,7 | 17 |
| Italiýa | 1,2 | 30 | –1,0 | 8 |
| Russiýa Federasiýasy | 1,2 | 74 | –0,9 | 9 |

Çeşmesi: World Dewuopment Indicators 2014 tabl 5.11 Scienceand Technology.

tehnologik alyş-çalyş galyndysyna seljerme bermelidir. Dünýä döwletleriniň YBTKI mümkinçiligi birmeňzeş däldir. 6-njy tablisada dünýä döwletleriniň ylmy resurs üpjünçiligi seljerilýär.

Getirilen tablisadan görnüşi ýaly, JIÖ harajatlarynyň YBTKI paýy boýunça birinji orunda Şwesiýa barýar, ylmy işgärleriň on müň adama düşüşi boýunça Finlýandiýa öňdeligi eýeleýär. Galyndysyz tehnologiýa boýunça birinji orunda ABŞ durýar. Ýokary tehnologiýaly harytlaryň eksportdaky paýy boýunça ABŞ we Ýaponiýa öňdeligi eýeleýär.

Dünýäniň ylmy-tehniki üpjünçiligi az sanly ýurtlaryň elinde jemlenendir. Bu ugurdaky öňdebaryjy ýurt ABŞ-dyr. Dünýä boýunça YBTKI üçin goýberilýän harajatlaryň 40%-i ABŞ-nyň, 30%-i ÝS-iň paýyna düşýär. Aziýa ýurtlary, hususan-da Hytaý, Günorta Koreýa, Hindistan ýaly ýurtlar ylmy maliýeleşdirmekde goýberilýän harajatlaryň möçberini üzül-kesil ýokarlandyrdylar. Mysal üçin, Hytaý 2005-nji ýylda bu ugra 145 milliard dollar serişde goýberip, Ýaponiýadan öňe geçdi we dünýäde ABŞ-dan soň ikinji orny eýeledi.

Hususy sektoryň YBTKI maliýeleşdirmekde örän uly ähmiýete eýedir. Mysal üçin, Ýaponiýada hususy sektor bu ugurdaky çykdajylaryň 70%-ni, ABŞ-da 68%-ni, ÝS-de 56%-ni maliýeleşdirýärler. TMK-laryň içinde YBTKI üçin iň köp serişde harçlaýan «General motors», «Ford motors», «IBM», «Siemens», «Daimler Chryslerdir».

Häzirki döwrüň esasy alamatlarynyň biri hem YBTKI-niň globallaşmasydyr. Onuň netijesinde alymlaryň halkara hyzmatdaşlygy, YBTKI-niň halkara maliýeleşdirijileriniň köpelmegine, TMK-laryň halkara bölümleriniň artmagyna, ylmy-tehniki alýanslaryň emele gelmegine, halkara autsorsinginiň ösmegi intellektual eýeçiligiň halkara söwdadaky paýynyň ýokarlanmagyna getirýär.

Patentleriň we ygtyýarnamalaryň satylyşy çalt depginler bilen ösýär. Onuň ösüşi haryt söwdasynyň ösüşinden has ýokarydyr. Ygtyýarnamalary iň köp satýan ýurt ABŞ-dyr. Onuň bu ugurdaky oňaýly söwda galyndysy örän ýokarydyr. Amerikan ygtyýarnamalaryny iň köp satyn alýan ýurtlar Ýaponiýa we Günorta Koreýadyr. ÝS-iň ygtyýarnamalaryny iň köp satyn alýan ýurt bolsa ABŞ-dyr.

Soňky wagtlarda ylmy hyzmatdaşlygyň täze görnüşi üstünlikli ösýär. Oňa ylmy autsorsing diýilýär. Ylmy autsorsing – munuň özi daşary ýurt kompaniýalarynyň we ylmy-barlag edaralarynyň YBTKI-ni şertnama esasynda ýerine ýetirmegine aýdylýar.

Ylmy hyzmatdaşlygyň bu görnüşiniň ösen ýurtlary bolup Hindistan, Irlandiýa, Russiýa we Ukraina çykyş edýär.

## 9.4. Dünýäniň maglumat resurslary

Ösen ýurtlarda maglumat infrastrukturasynyň ýokary derejede ösenligi häsiýetlidir. Maglumat infrastrukturanyň ösmegi ýurduň dünýä hojalygynda bäsleşige ukyplylygyny görkezýän alamatlarynyň biridir. Häzirki postindustrial ykdysadyýetde maglumat jemgyýetiň köpçülikleýin sarp edýän, jemgyýetiň ösüşine itergi beriji güýç hasaplanylýar.

Maglumatlaryň ösmegi, onuň paýlanyşy, maksadalaýyklygy, gaýtadan işlenilmegi, döwlet we hususy eýeçilikde peýdalanylyşy ýurduň milli maglumat resurslaryny emele getirýär.

Telekomunikasiýa ulgamynynyň, ilkinji Internetiň ösmegi, aragatnaşyk bazarynyň erkinleşmegi, telekomunikasiýa hyzmatlarynyň arzanlygy, maglumat bazarynyň ösmegine getirýär. Internetiň ösmegi bilen dünýäniň geografiki tapawudy ýitirildi. Dünýäniň maglumat ulgamy bütewi häsiýete eýe boldy. Netijede, ýurduň maglumat ulgamy milli çäklerden çykyp, dünýä maglumat ulgamyna birikdi. Şeýlelikde, tutuş dünýäniň global maglumat jemgyýetini döretmegiň ilkinji ädimleri ädildi. Postindustrial ykdysadyýete ýa-da «aňly jemgyýeti» döretmekde maglumat resurslary ösdürmek möhüm ähmiýete eýedir.

Bilim, ylym, maglumat resurslary birleşip, ýurduň ylmy-tehniki üpjünçiligini emele getirýär. Maglumat resursynyň çeşmelerine radio, telewideniýe, neşirýat, poçta, telefon aragatnaşyklary degişli bolup, olara adaty maglumat çeşmeleri diýilýär. Täze maglumat çeşmelerine mobil aragatnaşyk we internet degişlidir. Aşakda ýurduň maglumat resurslarynyň ösüşini häsiýetlendirýän birnäçe baha beriş ölçegleri getirilýär:

– Her ýüz adama düşýän gündelik neşirleriň, radionyň hemra aragatnaşygyna birikdirilen telewizoryň, telefonlaryň, telefon nomerleriň sany.
– Her ýüz adama düşýän göterilýan telefonlaryň, internet hyzmatlaryndan peýdalanyjylaryň sany.
– Pudaklaryň harajatlarynda maglumat-kommunikasiýa toplumynyň paýy.
– Her ýüz adama düşýän personal kompýuterleriň sany.
– «San mümkinçiligi» indeksi. Bu indeks bäş görkeziji boýunça hasaplanýar. Oňa her ýüz adama düşýän telefon we göterilýän telefon nomerleriniň sany, ilatyň bilim derejesi, Internetiň bahasy, internetiň hili, internet peýdalanýanlaryň her ýüz adama düşýäni degişlidir.

Aşakda getirilen 7-nji tablisada öňdebaryjy ýurtlaryň maglumat resurs üpjünçiligi getirilýär.

*7-nji tablisa*

**Dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynda maglumat resurslarynyň her ýüz adama düşýän görkezijileri (2000, 2002, 2003-nji ýyllar)**

| Ýurtlar | Her ýüz adama düşýän gündelik gazetleriň sany 2004 ý. | Ýüz adama düşýän telewizorlaryň sany 2002 ý. | Ýüz adama düşýän internet merkezleri 2003 ý. | Interneti peýdalanmaýanlaryň ýüz adama düşýäni 2003 ý. | Ýüz adama düşýän kompýuterleriň sany 2003 ý. | Pudaklaryň harajatlarynda maglumat kommunikasiýa toplumynyň paýy 2007 ý. | «San mümkinçiligi» indeksi 2002 ý. |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ABŞ | 21,3 | 93,8 | 55,5 | 55,1 | 65,9 | 6,5 | 0,78 |
| Ýaponiýa | 57,8 | 78,5 | 10,2 | 48,3 | 38,2 | 5,3 | 0,75 |
| G.o. Koreýa | 39,3 | 36,3 | 0,5 | 61,0 | 55,8 | 6,5 | 0,82 |
| Şwesiýa | 41,0 | 96,5 | 10,5 | 57,3 | 62,1 | 6,5 | 0,85 |
| Finlýandiýa | 44,5 | 67,0 | 24,4 | 50,9 | 44,2 | 5,8 | 0,79 |
| Angliýa | 32,9 | 95,0 | 5,5 | 42,3 | 40,5 | 6,1 | 0,77 |
| Fransiýa | 20,1 | 63,2 | 4,0 | 36,6 | 34,7 | 5,2 | 0,72 |
| Germaniýa | 30,5 | 66,1 | 3,2 | 47,3 | 43,1 | 5,2 | 0,74 |
| Italiýa | 10,4 | 49,4 | 1,1 | 40,9 | 23,1 | 4,4 | 0,72 |
| Russiýa Federasiýasy | 10,5 | 53,8 | 0,4 | 4,1 | 8,9 | 3,7 | 0,50 |

Çeşmesi: World Development Indicators 2014.

Ösen ýurtlarda maglumat resurslarynyň möçberi JIÖ 10%-ne barabardyr. Dünýäniň «ösen» diýlip hasaplanylýan otuza golaý ýurdunda maglumat-kommunikasiýa toplumda on ýedi milliona golaý adam zähmet çekýär. Maglumat-tehnologik hyzmatlaryň dünýä söwdasy 2003-nji ýylda 570 milliard dollardan geçdi. Bu ugurda amerikan kompaniýalary öňdäki orunlary eýeleýärler.

Lizing-fiziki ýa-da ýuridiki tarapdan oýlanyp tapylan üstünligi beýleki bir fiziki ýa ýuridiki tarapyň peýdalanmagy üçin berlen ygtyýarnama (lisenziýa) aýdylýar. Lisenziýa senagat we haryt belgili häsiýete eýedir.

Oýlap tapyş-tehniki çözgüt bolup, önümçiligiň dürli görnüşlerinde oýlanyp tapylan üstünlikdir. Patent–oýlanyp tapylan üstünligi kesgitlenen territoriýada hukuk taýdan goraýan resminamadyr.

Ygtyýarnamalary import we eksport etmekde «nou-hau» ygtyýarnamalar ylalaşygy giňden ulanylýar. «Nou-hau» ygtyýarnamalaryna tehnologik prosesler, gurluşyk, gaýtadan işlemek we ş.m. syrlary girýär. Halkara ygtyýarnama söwdasynda 2 topar tapawutlandyrylýar:

1. Arassa ygtyýarnamalar.
2. Ugurdaş ygtyýarnamalar.

Arassa ygtyýarnamalara «nou-hau» ygtyýarnamalaryň ähli tehnologik syrlarynyň açylmagy degişlidir. Ugurdaş ygtyýarnamalara serişdeleriň we komplektleýji enjamlary ugurlaşdyrmak degişlidir. Munuň üçin aýratyn ygtyýarnama ylalaşygy baglaşylmaýar. Ýükleri ugratmak şertnamada ylalaşylan bahanyň içinde bolýar.

Lisenziýalary eksport ýa import etmek lisenziýa ylalaşyklarynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Lisenziýa ylalaşyklarynyň 3 görnüşi bar:

1. Ýönekeý lisenziýalar ylalaşygy.
2. Ýalňyz lisenziýalar ylalaşygy.
3. Doly satylan lisenziýalar.

Haryt belgisi – munuň özi harydy beýleki öndürijilerden we satyjylardan tapawutlandyrýan belgidir. Haryt belgisi öndürijiniň harydyny özbaşdaklaşdyrýar.

Haryt belgisi harydyň bäsleşmek ukybyny, onuň ýokary hilini we abraýynyň ýokarylygynyň nyşany bolup çykyş edýär. Ilkinji nobatda haryt belgisi harydyň ýokary hilliliginden gelip çykýar. Fiziki tarap bolup adam, şahsyýet çykyş edýär. Ýuridiki tarap bolup edara, gurama, zawod-fabrikler çykyş edýär.

Ýönekeý lisenziýalar ylalaşygynda lisenziýa eýesi üstünligini birnäçe gezek satmaga we özi önüm öndürmäge bellenilen territoriýada öz hukugyny doly saklaýar. Lisenziýany satyn alyjynyň üstünligi gaýtadan satmaga hukugy ýokdur.

Ýalňyz lisenziýalar ylalaşygynda lisenziýa bellenen territoriýada öz hukugyny doly ýitirýär. Lisenziýany gaýtadan satyp bilmek hukugy satyn alyjynyň ygtyýaryna geçýär. Lisenziýa eýesi ony başga ýurda satyp bilýär. Doly lisenziýa ylalaşygynda lisenziýa eýesi özüne berlen patentiň satylmagy bilen öz hukuklaryndan doly we hemişelik kesilýär.

Lisenziýalaryň şu 3 hili ylalaşygy ýurduň içinde we ony başga döwletlere satylanda hem şu ylalaşyklar ýerine ýetirilmeli. Munuň üçin ýurduň içinde «awtorlyk hukugy we halkara awtorlyk

hukugy» kanunlary hereket edýär. Awtorlyk hukugyny goramak üçin döwletler özara döwlet derejesinde ylalaşyk baglaşýarlar. Eger-de şu ylalaşyk ýok bolsa, onda üstünlik hasap edilmeýär.

Lisenziýa ylalaşygy baglaşylansoň lisenziýa eýesi satyn alyja tehniki we dürli üstünlikleri önümçilige ornaşdyrmaga, önüm öndürmäge we satmaga doly hukuk berýär.

Lisenziýa ylalaşygy baglaşmak üçin adatça şeýle şertler zerurdyr:

1. Ylalaşýan taraplaryň kesgitlenmegi.
2. Peýdalanyljak lisenziýanyň haýsy maksatlar üçin peýdalanyljakdygy.
3. Lisenziýanyň hereket etjek territoriýasyny gazanmak.
4. Satylýan lisenziýanyň kepilligi, tehniki we ykdysady netijeliligi barada lisenziýa eýesini görkezmek.
5. Satylýan lisenziýany alyjynyň üstünligi peýdalanmak baradaky görnüşini görkezmek.
6. Peýdalanyljak önümçilik maksatly serişdeleriň we harytlaryň iň kiçi we uly göwrümini we hyzmat edijilik möhletini görkezmek.
7. Satylýan serişdeleriň we materiallaryň ulag ýagdaýy we hünärmenleri taýýarlamak meselesi.
8. Satylan üstünligi goramak üçin çykdajylary paýlaşmak.
9. Lisenziýa eýesini sylaglamagyň görnüşi.

Ondan daşary hem ylalaşyklaryň ýerine ýetirilişini barlamak, kepilligiň şertleri, töleg ýagdaýy we reklama borçlary hem girýär.

Bu şertler ýerine ýetirilenden soň esasy mesele lisenziýanyň bahasyny kesgitlemek zerurlygy ýüze çykýar. Bärde mesele 2 tarap üçin hem möhümdir. Alyjynyň satyn alýan üstünligi hem-ä jemgyýet üçin hem-de özi üçin peýdaly bolmalydyr. Satyjy üçin bolsa öňki çykdajylarynyň öwezini dolmaly we oňa goşmaça girdeji bermeli.

Häzirki wagtda lisenziýanyň bahasyny kesgitlemek üçin şu görkezijiler peýdalanylýar:

1. Üstünlik oýlanyp tapylandan synag üçin çykarylýan çykdajylar.
2. Peýdalanyljak üstünlikde görkezijilere çenli alyjynyň çykdajylarynyň takmynan göwrümi.

Lisenziýanyň bahasy kesgitlenenden soň tölegiň görnüşini ylalaşmak zerurlygy ýüze çykýar.

Lisenziýanyň bahasyny tölemekligiň 2 görnüşi bar:

1. Şol wagtyň özünde ýa bir wagtlaýyn (pauşalnyý) töleg.
2. Ýuwaş-ýuwaşdan, döwürleýin, etaplaýyn (roýalti) töleg.

Pauşalnyý töleg garyşyk görnüşde bolup biler.

Roýalti töleg önümçiligiň göwrümine bagly bolup durýar.

Ylmy-tehniki progresiň we öndüriji güýçleriň ösmegi HZB-niň has

çuňlaşmagyna alyp barýar. Häzirki wagtda HZB-niň çuňlaşmagynyň wajyp faktorlarynyň biri bolup YTP çykyş edýär.

YTP önümçiligiň netijeliligine, iş wagtynyň gysgalmagyna we goşmaça iş wagtyň köpelmegine, netijede önümiň göwrüminiň artmagyna alyp barýar. Hut şunuň üçin hem ylmy-tehniki we tehnologiki alyş-çalyş barha ýaýbaňlanýar. Häzirki zaman YTP-niň esasy alamatlarynyň biri bolup, adamyň akyl zähmetiniň netijesi bolan ylmy-tehniki netijeleriň halkara derejesinde peýdalanylmagy çykyş edýär. Öndüriji güýçleriň ýokary ösüş depgini önümçiligiň ýöriteleşmegine, kooperirlenmegine, ylmy tehniki tejribäniň halkara derejesinde ýaýbaňlanmagyna alyp barýar.

YTP dünýä ykdysadyýetiniň ösüşini biçak çaltlandyrdy. Mysal üçin, dünýäniň ösüş derejesi boýunça alanymyzda fotoapparat enjamy 112 ýyl, elektrik energiýasy 80, telewizorlar 12 ýyl öňe süýşdi. YTP-ni önümçilige näçe çalt ornaşdyrsaň, sonça hem peýdalanylmalydyr. Ylmy-tehniki üstünligiň önümçilige ornaşdyrylyş we hereket ediş möwriti her ýurtlarda dürli-dürlüdir. Mysal üçin, bu görkeziji Ýaponiýada 3–5 ýyl, ABŞ-da 5–7 ýyl, GFR-de 5–10 ýyl, Fransiýada 8–10 ýyla barabardyr.

Geçen asyryň ikinji ýarymyndan başlap dünýäniň söwda dolanyşygynda lisenziýalaryň söwdasy haryt söwdasyndan has çalt ösüp başlady. Bu ýagdaý lisenziýa söwdasynyň elmydama girdejililigi bilen düşündirilýär. Lisenziýalary eksport etmekde dünýäniň öňdebaryjy ýurdy ABŞ-dyr. Bu ýurt dünýä boýunça satylýan lisenziýalaryň 2/3 bölegini öz elinde saklaýar. ABŞ her ýyl ortaça hasap bilen 20–22 milliard dollarlyk lisenziýa satýar. Lisenziýalary eksport etmekde degişlilikde şu ýurtlar öňdeligi eýeleýärler. Olara Angliýa, Italiýa, GFR, Fransiýa, Ýaponiýa degişlidir.

Ösüp gelýän ýurtlaryň içinde hem lisenziýa eksport ediji ýurtlar ýüze çykyp başlady. Bu ýurtlar, esasan, öz ykdysadyýetleriniň ýöriteleşen ugruna degişli lisenziýalary eksport edýär. Mysal üçin, Braziliýa kofe bilen baglanyşykly lisenziýalary eksport edýär. Lisenziýalary esasy import ediji bolup Ýaponiýa çykyş edýär. Ondan daşary hem lisenziýalary iň netijeli peýdalanýan ýurt hem Ýaponiýadyr. Hut şunuň netijesinde önümçiligiň tehniki ösüş derejesi boýunça Ýaponiýa, ABŞ-dan 20–30 ýyl öňde barýar. Lisenziýany import etmek boýunça Italiýa, Tailand, Argentina çykyş edýär. Ýöne soňky ýyllarda ykdysady çökgünlik we heläkçilik zerarly Argentina daşary ýurt lisenziýasyny satyn almagyny doly diýen ýaly bes etdi.

## 9.5. Türkmenistanyň ylmy-tehniki kuwwaty

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli ykdysadyýetimiz barha kuwwatlanýar. Milli ykdysadyýetimiziň ösüşini barha ýokarlandyrmagy milli Liderimiz tarapyndan öňe sürlen kämil özgertmeleriň örän çaltlyk bilen durmuşa ornaşýandygyny görkezýär. Özgertmeleri durmuş näçe çalt kabul etse, ornaşdyrylýan özgertmeler gysga wagtyň içinde netijesini berip başlasa, onda ol özgertmeleriň döwrebapdygynyň ilkinji alamatydyr. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe şeýle döwrebap özgertmeler ýurdumyzyň ähli pudaklaryny tutuşlaýyn gurşap aldy. Pudaklarymyzyň ösüşi üzül-kesil ýokarlandy. Ynha şeýle ösüşli pudaklarymyzyň biri hem ýurdumyzyň ylmy-tehniki kuwwatyny emele getirýän bilim, ylym, maglumat-aragatnaşyk ulgamydyr.

Ýurdumyzyň bilim-ylym ulgamy özüniň täzeden ösüş döwrüni başdan geçirýär. Häzirki wagtda bu ulgam döwlet derejesinde uly üns berlip ösdürilýär. Pudaklarymyzy tutuşlaýyn gurşap alan özgertmeleriň ilkinji bolup bilim-ylym ulgamynda başlamagy, ýurdumyzyň ylmy-tehniki gurbatyny dünýä derejesine çykarmakda düýpli işleriň başlangyjy boldy. Ilki bilen orta mekdepler onýyllyga, soňra onbir ýyllyga, ýokary mekdepler bäşýyllyga getirildi. Talyplaryň okuwa kabul edilişi her ýyl yzygiderli artdyrylýar. Ýokary bilim berlişini has kämilleşdirmek, dünýäniň öňdebaryjy bilim ojaklarynyň gazananlaryny ele almak üçin türkmen ýaşlarynyň her ýyl müňlerçesi daşary ýurtlara ugradylýar. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň maddy-tehniki binýady barha täzelenýär.

Ýurdumyzda bilim ulgamy «Türkmenistanda Bilim hakynda» Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda hereket edýär, oňa laýyklykda Türkmenistanyň ähli raýatlaryna mugt bilim kepillendirilýär. Bilim hakynda Türkmenistanyň kanuny bilim babatdaky jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär, bilim ulgamynda döwlet syýasatynyň binýatlyk ýörelgelerini, şeýle hem bilim ulgamynyň maksatlaryny, wezipelerini, hyzmatlaryny we onuň işini dolandyrmagyň tertibini kesgitleýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanda bilim täze derejä ýetdi. Munuň şeýledigine Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň gol çeken Permanlary we Kararlary aýdyň şaýatlyk edýär. Olaryň hataryna 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 15-indäki «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Permany, 2007-nji ýylyň mart aýynyň 4-indäki «Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda» karary, 2007-nji ýylyň mart aýynyň 30-yndaky «Türkmenistanda

bilim işgärleriniň iş haklarynyň we talyp haklarynyň möçberlerini köpeltmek hakynda» Permany, ýurduň bilim ulgamynda özgertmeleri geçirmek boýunça geçirilýän anyk çäreler degişlidir. Bu resminamalar, ilkinji nobatda, bilim ulgamynyň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

Ýurdumyzda ylmyň gazananlaryny we öňdebaryjy tejribäni ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna ornaşdyrmak boýunça düýpli çäreler geçirilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň iýun aýynyň 12-sindäki «Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» we «Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakynda» Kararlaryna laýyklykda, ýokary okuw mekdepleriniň we ylmy edaralarynyň ýanynda aspiranturalar we doktoranturalar, kliniki ordinaturalar açyldy. 2007-nji ýylyň 12-nji iýunynda ýurdumyzyň ylmynda düýpli özgertmeleriň başlangyjy goýuldy. Şondan bäri 12-nji iýun Ylymlar güni hökmünde resmi taýdan bellenilýär.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça 2009-njy ýylyň 12-nji iýunynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy açyldy. Ol döwlet býujetinden maliýeleşdirilýär. Ylymlar akademiýasy döwletiň ylmy, inžener-tehniki potensialyny ösdürmäge, milli ykdysadyýetimiziň täzeçilikli ösüşine we döwletimiziň hemmetaraplaýyn ýokary derejä galmagyna ýardam etmäge gönükdirilendir. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň düzüminde täze ylmy-barlag edaralarynyň we döwlet gulluklarynyň altysy döredildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky Ýokary Geňeşiniň düzümindäki bäş sany institut hem Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň düzümine girizildi.

Ýurdumyzyň ylmyny ösdürmegiň esasy nukdaýnazarlarynyň arasynda ylmy bäsleşikleriň hem uly ähmiýeti bar. Şeýle bäsleşikleriň arasynda ylmy taslamalary ýerine ýetirijileriň her ýylda geçirilýän bäsleşigini hem-de ýaş alymlaryň we talyplaryň arasyndaky ylmy işler boýunça bäsleşigi bellemek bolar. Ylmy taslamalary ýerine ýetirijileriň bäsleşiginiň aýratynlygy ylmy-barlag işleri üçin temalary alymlaryň özleri tarapyndan däl-de, eýsem, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň hünärmenleri tarapyndan seçilip alynýanlygyndadyr. Ýurdumyzyň ylmy-barlag institutlarynyň, laboratoriýalarynyň we ýokary okuw mekdepleriniň alymlary hem hünärmenleri hödürlenen taslamalaryň ýerine ýetirijileri bolýarlar.

Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi tarapyndan yglan edilýän ylmy bäsleşik hem muňa ýardam edýär, ol dürli-dürli ugurlarda ylmy-barlaglar bilen meşgullanýan ýaş alymlaryň ýüzlerçesini özüne birleşdirýär. Ylmy işleriň bäsleşiginiň esasy maksady ýurdumyzyň ylmyny ösdürmekden, zehinli ýaş alymlary – milletiň intellek-

tual saýlantgylarynyň täze nesillerini ýüze çykarmakdan we höweslendirmekden ybaratdyr.

Ýurdumyzyň ylmy-tehniki gurbatynyň esasy aýratynlyklarynyň biri hem bilimi we ylmy maliýeleşdirmegi döwletiň öz üstüne alýanlygydyr. Munuň özi ýurdumyzda bu ulgamy ösdürmäge nähili üns berilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

## 9.6. Türkmenistanyň maglumat-aragatnaşyk ulgamynyň ösüşi

Ýurdumyzyň maglumat-kommunikasiýa ulgamy okgunly ösýän pudaklaryň biridir. Häzirki wagtda diňe şäherlerimiz ýa-da etrap merkezlerimiz däl, eýsem obalarymyzyň ählisine telefon aragatnaşygy çekildi. Orta we ýokary okuw mekdepleriniň, edara-kärhanalaryň Internet ulgamyna çatylmagy bu ugurda uly işleriň başlangyjy boldy. Ýurdumyzda öý we el telefonlardan, şeýle hem Internetden peýdalanýanlaryň sany üzül-kesil ýokarlandy. Munuň özi maglumat-telekommunikasiýa pudagynyň çalt depginler bilen ösmegine, onuň girdejileriniň ýokarlanmagyna, milli ykdysadyýetimizde bu pudagyň paýynyň artmagyna alyp bardy.

Ykdysadyýetimiziň ösüşiniň diwersifikasiýalaşdyrylýan häzirki döwründe bu pudagy ösdürmek örän möhümdir. Çünki aragatnaşyk ulgamy özüniň az harajatlylygy we ýokary girdejililigi bilen tapawutlanýar. Az harajat bilen ýokary girdeji almak bazar ykdysadyýetiniň esasy kanunlarynyň biridir.

Ýurdumyzyň maglumat-telekommunikasiýa ulgamynyň ösdürilmegi habar beriş we dolandyryş işleriniň hem has kämilleşmegine getirýändigi bellenilmelidir. Hatlaryň, resminamalaryň, buýruklaryň, çyzgylaryň faks boýunça ugradylmagy, poçta aragatnaşykdan örän köp esse çaltlygy we örän arzan düşýändigi bilen tapawutlanýar. Munuň özi ykdysadyýetiň esasy kanunalaýyklarynyň biri bolan wagty tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

Bu pudagyň halkyň durmuş ýagdaýyny ýeňilleşdirýändigini aýratyn bellemelidiris. Çünki ýurdumyzyň islendik künjegi bilen habarlaşmakçy bolsaň, bary-ýogy birnäçe sekunt ýeterlikdir.

Aragatnaşyk ulgamynyň ýurdumyzda giňden ýaýbaňlandyrylan bilim-ylym özgertmesini durmuşa ornaşdyrmaga, ýurdumyzyň bilim-ylym ulgamyny dünýä derejesine çykar-

makda, ýerli kadrlary taýýarlamakda aragatnaşyk ulgamyna ähmiýetli orun degişlidir. Çünki gündelik habarlar, maglumatlar, dünýä we ylmy täzelikler Internetde jemlenendir. Internet bolsa aragatnaşyk ulgamynyň üsti bilen hereket edýär. Häzirki günde ýurdumyzda Interneti ösdürmek boýunça uly işler amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň orta we ýokary okuw mekdepleriniň, edaradyr kärhanalaryň, ýörite Internet kafeleriň, hatda jübi telefonyny ulanýanlara hem Internetiň elýeterli bolmagy, täze gurulýan orta we ýokary okuw mekdeplerini Internete çatylmadyk bolsa kabul etmezlik barada hormatly Prezidentimiz ýörite karara gol çekmegi, bu ulgamy ösdürmek boýunça amala aşyrylan işlere anyk mysalydyr.

Internet ulgamy arkaly dünýäniň ösen tejribesini ele almak, ony özleşdirmek we ýerlikli peýdalanmak milli kadrlarymyzyň hünär derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär. Bu ýagdaý bolsa öz gezeginde hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly «halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagynyň kepili» bolan bilim-ylym pudagymyzyň mundan beýläk hem ösmegine ýene bir mümkinçilik döredýär.

Şol bir wagtyň özünde aragatnaşyk we Internet ulgamynyň ösdürilmegi dünýä ýurtlarynyň reýtinginde öňdäki hatarlarda bolmagyna getirýär. Häzirki döwürde aragatnaşyk we Internet bazar ykdysadyýetiniň özboluşly bir infrastrukturasy bolup hyzmat edýär. Çünki bu ulgamyň üsti bilen harytlaryň we hyzmatlaryň mahabaty bahalaryň sanawy, hödürlemäniň görnüşleri, pul we hasaplaşyk geçirimleri barha giň gerime eýe bolýar. Sebäbi bu ulgam ýurtda alyş-çalşy, hasaplaşygy, ýagny ykdysady gatnaşyklary tizleşdirýär. Ykdysady gatnaşyklaryň tizleşmegi ykdysady ösüşiň sinonimi diýmekdir.

Dünýä döwletlerinde bu ulgamyň iň köp ulanylýan ýeri günbataryň ösen ýurtlarydyr. Ýokary derejede ösen döwletleriň islendigini alyp göreniňde bu ulgamyň ýokary derejede ösdürilendigini, ýurduň jemi içerki önüminde aragatnaşyk ulgamy görnükli orna eýedir. Has dogrusy, ösen ýurtlaryň häzirki derejesine ýetmeginde aragatnaşyk ulgamynyň möhüm orny bardyr. Biziň ýurdumyzda bolsa ýokary ykdysady ösüşimiz bu pudagy ösdürmegi talap edýär. Sebäbi milli ykdysadyýetimizde harytlaryň we hyzmatlaryň möçberiniň we görnüşiniň çalt ösmegi, olaryň alyş-çalşygynyň, sarp edilişiniň, özara hasaplaşyklaryň tizleşdirilmegini wezipe edip goýýar. Şu nukdaýnazardan seredeniňde milli ykdysadyýetimiz bilen aragatnaşyk ulgamy bir göwrä jemlenendir. Ýagny aragatnaşyk ulgamy ykdysadyýetiň, ykdysadyýet bolsa aragatnaşyk ulgamynyň ösmegini talap edýär. Şonuň üçin hormatly Prezidentimiziň talap edişi ýaly, aragatnaşyk ulgamynyň mundan beýläk hem üstünlikli ösdürilmegi, ykdysady gatnaşyklarymyzyň has çaltlaşmagyna we dünýä ýurtlarynyň ykdysady reýtinginde iň öňdäki hatarlarda bolmagymyzy üpjün eder.

Dünýä ykdysady edebiýatynda «informasion ykdysadyýet» ýa-da «informasion ykdysadyýetli jemgyýet» diýen adalga ulanylýar. Bu adalga dünýäniň ýokary derejede ösen döwletlerini öz içine alýar. Bu döwletlerde senagatlaşma geçilen etap bolup, ykdysadyýetiň täze görnüşi bolan informasion häsiýetli ykdysadyýete geçip başlandyklaryny görkezýär. Bu ýurtlarda ykdysady we gündelik durmuşy häzirki zaman aragatnaşyk ulgamsyz göz öňüne getirmek asla mümkin däldir. Şeýle döwletler bolsa dünýä hojalygynda köp däldir. Bu döwletleriň içerki we daşarky ykdysady gatnaşyklarynda aragatnaşyk ulgamynyň örän ýokary paýy bardyr. Ösen ýurtlarda bu ulgamyň kömegi bilen ähli ykdysady gatnaşyklaryň ýarysyna golaýy amala aşyrylýar. Ösen ýurtlarda Internetiň üsti bilen harytlaryň bahasyny ylalaşmak, şertnamalar baglaşmak, ygtyýarnamalary almak, salgytlary tölemek ýaly, ykdysady işler amala aşyrylýar. Şonuň üçin bu ýurtlar başgaça «informasion ykdysadyýetli jemgyýet» diýlip atlandyrylýar.

Täze galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň aragatnaşyk pudagyny mundan beýläk hem ösdürmek barada goýýan talaplary, durmuşa ornaşdyrýan özgertmeleri netijesinde «informasion ykdysadyýetli jemgyýete» öwrüljek wagtlarymyzyň daşda däldigi gümansyzdyr. Munuň özi bolsa ýurdumyzyň ylmy-tehniki kuwwatynyň ýokarydygyny görkezýär.

# X BAP
# DÜNÝÄNIŇ TELEKEÇILIK GURBATY

## 10.1. Telekeçilik resursy we telekeçilik hakda düşünje

Telekeçilik resursy (telekeçilik gurbaty, başarnyklary, telekeçilik) beýleki ykdysady resurslary, zähmetiň, ýeriň, kapitalyň, bilimleriň – hojalyk işini durmuşa geçirmek üçin özara täsirini netijeli guramagy başarmakdyr. Bu resurs menejment sferasynda, ýagny firmalaryň we guramalaryň işini dolandyrmakda amala aşyrylýar. Telekeçilik resursynyň düzümine telekeçiler, bazar institutlary, onuň etikasy we medeniýeti girýär.

Telekeçilik kompaniýalaryň, firmalaryň eýeleridir we menejerlerdir,

şeýle hem eýelik etmegi dolandyryş bilen utgaşdyrýanlardyr. Telekeçi mikroderejede ykdysady prosesleri guraýjylardyr. Emma kompaniýa eýeleriniň köpüsi dolandyryşa gatnaşmaýar. Aşaky zwenodaky menejerleriň köpüsi bolsa ýönekeý işleri ýerine ýetirijilerdir, ykdysady prosesi guraýjylar däldir. Şoňa görä-de olary telekeçilere goşmak bolmaz. Döwlet emeldarlarynyň, çinownikleriniň işi telekeçileriň işine çynlakaý täsir edýän hem bolsa, olary-da telekeçilere degişli edip bolmaz. Telekeçilikde baş orun telekeçä degişlidir. Täze oýlap tapyşlary önümçilige ornaşdyrmak arkaly telekeçi täzelik girizýär. Telekeçiniň bu täzelikçilik işi ykdysady ösüşi häsiýetlendirijidir. Telekeçilik ukyby täzelikleri, töwekgelçilikli işewürlik arkaly durmuşa geçirmegiň tapylgysyz başarnygydyr. Ýurduň telekeçilik resursynyň beýleki bir bölegi bolsa bazar infrastrukturasydyr, ýagny bazar ykdysadyýetiniň biržalary we banklary, ätiýaçlandyryş we auditorlyk kompaniýalary, maslahat beriş we ýuridiki firmalar, kazyýet, döwlet ykdysady edaralary, hojalyk kanunçylygy ýaly gatnaşyklarydyr. Milli telekeçilik gurbatynyň başga bir düzüm bölegi-de etika we medeniýetdir, jemgyýetiň öz telekeçilik ruhudyr. Eger-de ýeke bir milli kanun çykaryjylyk däl, eýsem telekeçilik etikasynda hyzmatdaşyňy aldamaga ýol bermese, öňden gelýän telekeçilik medeniýeti bolup, jemgyýetiň ep-esli bölegi-de şoňa ymtylýan bolsa, şeýle ýagdaý ýurtda telekeçilik resurslarynyň köpelmegine ýardam edýär.

Şu aýdylanlardan şeýle netije çykýar: eger ýurtda taýýarlykly we tejribeli telekeçiler köp bolsa, ösen bazar infrastrukturasy (düzümi, gurşawy) bolsa, telekeçilik etikasy we medeniýeti çuň kök uran bolsa, jemgyýetiň ruhy telekeçilige diňe hoşgylaw garaman, eýsem-de ilatyň köp bölegi telekeçilige ýykgyn edýän bolsa, onda şol ýurtda telekeçilik resursy ýeterlikdir. Şeýle şertler, ösen ýurtlaryň köpüsinde bardyr. Şonuň üçinem olarda telekeçilik ruhy ýüzlerçe ýylyň dowamynda ösdürildi (Ýewropa ýurtlary), täze industrial ýurtlar bolsa çuň söwdagärligi miras aldylar (Günorta Gündogar Aziýa). Telekeçilik başarnyklarynyň iň netijeli durmuşa geçirilýän ýerleri-de şu ýurtlardadyr.

Işewürligiň döwlet apparaty bilen jebis baglanyşygy milli ykdysadyýete oňyn täsir edibem biler (Ýaponiýa we Günorta Koreýa), ters täsir edibem biler. (Hindistan we Braziliýa). Ýaponiýanyň we Günorta Koreýanyň mysaly telekeçileriň döwlet çinownikleri bilen jebis gatnaşygy belent hünärmentlik esasynda milli ykdysady syýasatyň netijeliligini ýokarlandyrmagyň mümkindigini görkezýär. Braziliýanyň we Hindistanyň mysaly telekeçileriň we çinownikleriň parahorlyk esasynda ýakynlaşmagy sebäpli ykdysady syýasatyň netijeliligini peseldendigini görkezýär, çünki işewüriň girdeji alşy telekeçilik başarnyklaryna däl-de, döwlet

apparatyna telekeçileriň ýakynlygyna bagly bolupdyr. Hojalyk işiniň şeýle alnyp barlyşyna «rentazarlanan ozüni alyp baryş» diýilýär, çünki ol adaty telekeçilik peýdasyna däl-de, eýsem köpsanly gatnaşyklardan renta almaga gönükdirilen özüňi alyp baryşdyr. Ýaponiýanyň tejribesi hökümetiň işewürlik bilen ýakyn gatnaşykda bolmalydygyny görkezýär. Emma şeýle gatnaşyklar hökümetem, işewürlik hem ýokary derejede ösen ýagdaýynda mümkindir. Şeýle ýagdaý bolmasa, onda dogry ykdysady syýasaty işläp düzmegiň we ýöretmegiň ýerine parahorlyga ýatylýar. Parahorlyk telekeçiligi eýikdirmez we igleder. Netijede, telekeçilik resursy amala aşyrylmaz hem-de peýdalanylman köýüp gider.

## 10.2. Dünýäniň ýaşyryn ykdysadyýeti

Ýaşyryn ykdysadyýet resmi edaralar tarapyndan hasaba alynmadyk, emma işjeň hereker edýän, hojalyk işiniň kanunçylyk, hukuk normalaryndan gizlenýän ýa-da gadagan edilen ykdysady ukladdyr. Ýaşyryn ykdysadyýet umumy möçberini hasaba alyp bolmaýan, ykdysady işiň gapma--garşylykly görnüşi bolup, üç sany özbaşdak segmentden ybaratdyr. Olaryň birinjisine resmi däl ykdysadyýet diýilýär. Resmi däl ykdysadyýet – munuň özi kanun taýdan rugsat edilen, emma resmi statistikada hasaba alynmadyk ykdysady işdir. Bu hereket salgytlardan sypmak üçin gizlin alnyp barylýar. Olara harytlaryň, hyzmatlaryň önümçiligi, şeýle hem öý hojalyklaryndaky, daçalarda, gurluşyklarda, söwdada resmileşdirilmeýän işler degişlidir. Ýaşyryn ykdysadyýetiň ikinji segmentine gizlin ykdysadyýet diýilýär. Oňa milli we halkara kanunçylyk taýdan gadagan edilen işleri amala aşyrmaga aýdylýar. Ol işlere ýaraglary bikanun öndürmek, satmak, narkotrafikleriň bikanun söwdasy, reketçilik, lukmanlaryň ygtyýarnamasyz işlemegi degişlidir. Ýaşyryn ykdysadyýetiň üçünji segmentine galp ykdysadyýet diýilýär. Oňa artdyryp ýazmak, parahorluk, kezzaplyk bilen gazanylan pullary ondan-oňa geçirmek, döwlet tarapyndan esaslandyrylmadyk ýeňillikleri almak degişlidir.

Ýaşyryn ykdysadyýetiň möçberini kesgitlemek üçin birnäçe usullar peýdalanylýar. Onuň birinjisine, monetar usul diýilýär. Monetar usulda umumy nagt pullar bilen talap edilýänçä goýulýan goýumlaryň möçberi, pul aýlanyşygyndaky nagt pullaryň umu-

my agramy, $M_2$ pul agregatyndaky nagt pullaryň artyşy arkaly hasaplanylýar. Bu usul esasan nagt däl hasaplaşygyň ösen ýurtlarynda hereket edýär. Nagt hasaplaşygyň ösen ýurtlarynda bu görkeziji boýunça baha bermek ýaşyryn ykdysadyýetiň göwrümini peseldýär. Çünki ýaşyryn ykdysadyýetdäki hojalyk we beýleki işler diňe nagt görnüşinde alnyp barylýar. Pul dolanyşygynda nagt pullaryň agdyklyk etmegi ýaşyryn ykdysadyýetiň möçberini monetar usulda hasaplamakda kynçylyk döredýär.

Ikinji usula «Palermo» ýa-da italýan usuly diýilýär. Ol salgyt gullugynyň üsti arkaly sebitlerde, aýratyn taraplarda harytlaryň, hyzmatlaryň satyn alnyşyna, ýaşaýyş jaýlaryny, öý bezeglerini, awtoulaglaryny hasaba alyp, girdejiler bilen deňeşdirilýär. Üçünji usula tehnologiýalar koeffisiýenti diýilýär. Ol elektrik energiýasynyň öndürilişine, harçlanylyşyna, ýükleriň ulaglar arkaly daşalyşyna, bazarlardaky gelip çykyşy gümürtik harytlaryň takmynan möçberine görä hasaplanylýar. Ýöne bu usullaryň hemmesi hem diňe gytaklaýyn bolup, ýaşyryn ykdysadyýetiň anyk möçberini kesgitläp bilmeýär.

Ýaşyryn ykdysadyýet islendik döwletde, islendik ykdysady ulgamda, eýeçiligiň dürli görnüşinde ýüze çykýar. Onuň ýüze çykmagyna aşakdaky faktorlar täsir edýär: milli ykdysadyýetde döwlet sektorynyň ululygy we orny, salgytlaryň möçberi, hususy telekeçilige girişmek üçin resmi bellige alyş işleriň kynlygy, bökdençligi, garyplygyň, işsizligiň ýokarylygy, etikanyň (jemgyýetiň ahlagynyň) derejesi, döwletiň sosial-ykdysady ösüş derejesi degişlidir.

Ýaşyryn ykdysadyýetiň giňemegine, ilkinji nobatda, täsir edýän faktorlaryň biri döwletiň ykdysadyýeti sazlaşdyrmaga goşulyşmasynyň ýokarlanmagydyr. Döwlet öz üstüne näçe köp borçlary aldygyça, şonça-da ykdysadyýeti sazlaşdyrmakda býurokratik usullar hem artýar.

Salgytlaryň möçberi gizlin ykdysadyýetiň ösmegine ýiti täsir edýär. Salgytlaryň möçberi näçe uly we köpgörnüşli boldugyça, ondan gizlenmek üçin dürli pirimlere ýüz urlup başlanýar. Demirgazyk Ýewropa ýurtlarynda salgytlaryň derejesi örän ýokary bolsa-da, jemgyýetiň etikasynyň, ahlagynyň ösenligi netijesinde gizlin ykdysadyýetiň derejesi bu ýurtlarda örän pesdir. Emma Italiýada, Gresiýada salgytlaryň derejesi bolsa-da, gizlin ykdysadyýetiň derejesi örän ýokarydyr.

Ýurduň sosial-ykdysady ýagdaýy ýaşyryn ykdysadyýetiň ösmegine ýa-da peselmegine şert döredýär. Mysal üçin, 1990-njy ýyllarda Russiýada başlan hususylaşdyrmagyň, özgertmeleriň barşynda gizlin ykdysadyýetiň derejesi örän ýokarlandy.

10. Sargyt № 1094.

## 10.2.1. Resmi däl ykdysadyýetiň hojalyk durmuşyndaky orny

Resmi däl ykdysadyýet özüniň tebigaty boýunça bazar we bäsleşik häsiýetlidir. Ol, esasan, salgyt edaralaryndan, döwlet sazlaşdyrmasyndan gizlenýän ownuk öndürijilerden ybaratdyr. Şeýle önümçiliklerde kapital däl-de, işçi güýji has zerurdyr. Adatça, olaryň önümleriniň hili pesdir. Emma salgytlardan, sosial tölеglerden gizlenmegi, zähmet hakynyň bellenen minimumdan pesligi, iş sagadynyň we gününiň uzaklygy olaryň harytlarynyň bahasynyň pes bolmagyna getirýär. Netijede, resmi däl ykdysadyýetiň alýan girdejisi resmi ykdysadyýetiň alýan girdejisinden ýokary bolýar.

Resmi däl ykdysadyýet sosial harajatlaryň we özara ynanyşmagyň hasabyna hojalyk durmuşynda bolup geçýän üýtgeşmelere örän çeýe bolup, öndürýän önümleriniň görnüşini, tehnologiýasyny gysga wagtyň içinde ýeňillik bilen üýtgedýärler.

Resmi däl ykdysadyýet ýaşyryn ykdysadyýetiň beýleki segmentleri bilen deňeşdirilende jemgyýet üçin bähbitli sektordyr. Arzan harytlary we hyzmatlary diňe bir sarp edijiler däl-de, hatda resmi firmalar hem peýdalanýarlar. Resmi däl ykdysadyýet immigrantlar, işsizler, doly iş bilen üpjün edilmedik adamlar üçin iş orunlaryny döredýär.

Ösen döwletlerde hem resmi däl ykdysadyýet hereket edýär. Ol döwletlerde resmi däl ykdysadyýetiň ösmeginiň esasy sebäbi ösüp gelýän döwletleriň arzan harytlary bilen bäsleşmek, bazarda ornuny saklamak üçin alnyp barylýar. Ösen döwletlere immigrantlaryň uly akymynyň barmagy, işsizlik, bäsleşikde tozman galmak üçin resmi däl ykdysadyýete ýüz urýarlar. Resmi däl ykdysadyýetiň dünýä boýunça umumy möçberi 8 trillion dollardan 40 trillion dollara barabar diýlip hasap edilýär. ÝS-e girýän döwletlerde resmi däl ykdysadyýetiň ortaça möçberi JIÖ-niň 12%-ine, geçiş häsiýetli ýurtlarda 23%-ine, ösüp gelýän ýurtlarda 39%-e barabardyr.

## 10.2.2. Döwletleriň dürli toparlarynda resmi däl ykdysadyýetiň aýratynlyklary

Ösen döwletlerde resmi däl ykdysadyýet JIÖ-niň 10–30% aralygyny eýeleýär. Ol, esasan, tikinçilik, köwüş, mebel, gurluşyk, hyzmat sferasynda has giňden ýaýrandyr. Bu ugurlarda, esasan, salgytlaryny gizlemek isleýän

immigrantlar we ýerli adamlar zähmet çekýärler. Resmi däl ykdysadyýetiň ösmegine ösen döwletleriň ýerli we merkezi hökümetleri köp halatda bilmezlige salýarlar. Sebäbi resmi däl ykdysadyýet önümçiligiň ösmegine, sosial dartgynlylygyň gowşamagyna, işsizligiň peselmegine getirýär.

Ösüp gelýän döwletlerde resmi däl ykdysadyýetiň ýokary bolmagyna hojalygyň iki häsiýetli bolmagy täsir edýär. Ösüp gelýän ýurtlarda resmi däl sektorda işçi güýjüniň 35–65%-e çenli, JIÖ-de 30–60%-e golaýy zähmet çekýär. Bu sektora örän ownuk kärhanalar, özbaşdak söwdagärler, senetçiler girýär. Ösüp gelýän ýurtlarda resmi däl sektorda 300 milliondan gowrak adam zähmet çekip, onuň 75 milliony örän ownuk kärhanalaryň paýyna düşýär. Resmi däl ykdysadyýetde iş orunlarynyň ösüşi resmi ykdysadyýetden has ýokarydyr. Onuň şeýle bolmagyna oba ýerlerinden ilatyň köpçülikleýin şäherlere gelmegi täsir edýär.

Resmi işewürligiň ösmegini bökdeýän birnäçe päsgelçilikler resmi däl ykdysadyýetiň ösmegine şert döredýär. Ol päsgelçiliklere salgytlaryň ýokary derejesi, resmi taýdan hasaba almagyň çylşyrymlylygy, köp wagta çekýänligi, karz almagyň kynlygy we ş.m. degişlidir. Resmi ykdysadyýetde hereket edýän telekeçiler ýokarda görkezilen päsgelçilikler zerarly resmi däl ykdysadyýete ýüz urýarlar. Şol bir wagtyň özünde resmi däl sektordaky ownuk kärhanalar soňlugy bilen resmi işewürligiň ösmegine badalga berýär.

Resmi däl ykdysadyýetde hereket edýän kärhanalar birnäçe kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar. Bu sektorda öndürilýän harytlaryň we hyzmatlaryň görnüşi örän çäklidir. Hojalyk işiniň resmi dälligi sebäpli olar bankdan karz alyp bilmeýärler. Maliýeleşdirme maşgala agzalarynyň, dostlaryň, garyndaşlaryň we beýleki taraplaryň serişdeleriniň ýa-da süýthorçylykly karzyň hasabyna amala aşyrylýar. Resmi däl ykdysadyýetde hereket edýän ownuk kärhanalarda zähmet şertleri oňaýsyzdyr. Şeýle şertler zähmeti, daşky sredany goramak ýaly döwlet tarapyndan bellenen standartlara gabat gelmeýär. Emma şeýle ýagdaý ýokary girdejileri gazanmagy derhal ýokary tehnologiýaly, resmi işewürlige geçmäge mümkinçilik döredýär.

Geçiş häsiýetli ykdysadyýetlerde resmi däl ykdysadyýet iki sany wajyp wezipäni ýerine ýetirýär. Olaryň birinjisine, alyjylary ýokary hilli däl-de, pes bahaly harytlar we hyzmatlar bilen üpjün edýänligidir. Ikinjiden, zähmet haky pes, hiç-hili sosial kepillikleri bolmadyk, adamlara minimum derejede bolsa-da iş orunlary bilen üpjün edýär. Şol bir wagtyň özünde salgytlardan köpçülikleýin gizlenilmegi döwlet býujetine ýaramaz täsir edýär, geçiş şertlerinde jemgyýetiň sosial dartgynlylygyny ýokarlandyrýar.

Geçiş häsiýetli ýurtlarda resmi däl ykdysadyýeti iki sektora bölmek bolar. Birinji, ilatyň girdejileriniň pes şertlerinde ikinji iş orunlaryny

edinmek, goşmaça girdeji gazanmak üçin, ikinji, kynçylykly şertlerde önümçiligiň, hümmetsizlenmegiň pese düşmeginden ätiýaç edilip harytlaryň, hyzmatlaryň bahasynyň öňünden alynmagy, peýdakeşlik ýaly häsiýetler degişlidir.

Gündogar, Merkezi we Baltika ýurtlarynda resmi däl ykdysadyýetiň möçberi ÝS ýurtlarynyň görkezijisi bilen gabat gelýär. Gizlin ykdysadyýet bu döwletlerde has pesdir. Hökümet özgertmeleriň ilkinji ýyllarynda resmi däl ykdysadyýeti höweslendirdi. Soňra olaryň resmi ykdysadyýete öwrülmegine hukuk taýdan şert döretdi. Geçirilen çäreler bu döwletlerde bazar ykdysadyýetiniň çalt emele gelmegine mümkinçilik berdi.

GDA ýurtlarynda resmi däl ykdysadyýetiň ortaça görkezijisi özgertmeler ýyllarynda JIÖ-niň 20–60%-ine çenli bardy. Ykdysady we sosial çökgünliklerden çykyldygyça resmi däl ykdysadyýetiň görkezijisi hem pese gaçyp başlady.

## 10.2.3. Gizlin ykdysadyýet

Ýaşyryn ykdysadyýetiň bu segmentiniň esasy bölegine jenaýatçylykly ýol bilen öndürilen harytlar we hyzmatlar, humarly oýunlar, kontrabanda, jenaýatçylykly ýol bilen gazanylan pullary resmileşdirmek, reketçilik arkaly gazanç etmek ýaly görnüşler girýär. Gizlin ykdysadyýet köplenç guramaçylykly toparlar tarapyndan amala aşyrylýar. Ykdysady nukdaýnazardan gizlin ykdysadyýet iki sany düzüm bölegi özüne birleşdirýär. Olara «jenaýatçylygyň gaýtadan paýlanylmagy», ýagny ogurlyk, talaňçylyk, reket, ikinjisi «önümçilik jenaýaty» – gadagan edilen harytlary we hyzmatlary öndürmäge, satmaga düşünilýär. Häzirki zaman guramaçylykly jenaýatdan girdeji almak gurluşykda, humarly oýunlarda, narkotiki jisimleri satmakda has giňden ýaýrandyr.

Gizlin ykdysadyýetiň häsiýetli alamatlarynyň biri hem onuň geçen asyryň ahyrlaryndan başlap örän çalt giňäp başlanlygydyr. Mysal üçin, narkotiki jisimleriň halkara söwdasy 40 esse, bank ulgamynyň üsti bilen hapa pullary aklamak iki esse ýokarlandy. Legal däl migrasiýa jenaýatçylykly toparlaryň işi arkaly birnäçe esse artdy. Şol bir wagtyň özünde gizlin ykdysadyýet adaty pudaklarda, ýagny antiki önümleri ogurlamak, narkotiki jisimleriň söwdasynda, humarly oýunlarda ýokary möçberini saklaýar.

Dünýäniň gizlin ykdysadyýetiniň ösmegini iri TMK-laryň hem täsiri uludyr. Olar gizlin önümçilikleri we ýerleşdiriş toruny edinmek arkaly gizlin girdeji almalaryny dowam edýärler. TMK-laryň gizlin ykdysadyýetiniň möçberi örän çalt ýokarlanýar. 1990-njy ýyllarda olaryň gizlinlikde öndürýän harytlarynyň möçberi 600 milliard dollar diýlip hasaplanylýan bolsa, häzirki bu görkeziji 5 trillion dollardan gowrakdyr diýlip çak edilýär.

## 10.2.4. Galp ykdysadyýet

Ýaşyryn ykdysadyýetiň bu görnüşi ykdysady we dolandyryş ulgamy arkaly «renta» almak bilen berk baglanyşyklydyr. Galp ykdysadyýetde esasy orny «administratiw renta», ýagny döwlet edarasynda eýeleýän wezipäňe laýyklykda girdeji almak giňden ýaýrandyr. Korrupsiýa – döwlet emeldarlarynyň dildüwşükli hereketi netijesinde girdeji gazanylmagy galp ykdysadyýetiň bir görnüşidir.

Döwletlerde korrupsiýanyň derejesine Transparensy International halkara guramasynyň indeksleri arkaly baha berilýär. Bu görkeziji telekeçileriň, hünärmenleriň, seljerijileriň (analitikleriň) döwletlerdäki töwekgelçiliklere beren bahasyna görä kesgitlenýär. Bu görkeziji 10 baldan ybarat bolup, 10 ball – döwlet emeldarlarynyň pula satylmaýandygyny, 0 ball – satlyklygyň ýokary derejesini görkezýär. Köpýyllyk barlaglaryň netijesine görä, dünýäde has korrumpirlenen döwletlere Finlýandiýa, Daniýa, Norwegiýa, Täze Zelandiýa, Awstraliýa, Singapur, korrupsiýanyň akyp geçýän ýurtlaryna Nigeriýa, Pakistan, Bangladeş, Paragwaý, Indoneziýa, Azerbaýjan ýaly ýurtlar degişlidir. GDA ýurtlarynda bolsa korrupsiýanyň derejesi pes hasap edilýär.

## 10.3. Türkmenistanda telekeçiligiň ösüşi

Türkmenistanyň telekeçilik gurbatynyň ýagdaýy ýurduň ykdysadyýetiniň geçiş häsiýeti bilen şertlendirilendir. Bir tarapdan ýurtda telekeçileriň sany we hünäri tiz artýar. Ilatyň bilimliliginiň ýokary derejesi we muňa döw-

let tarapyndan goldanylmagy ýardam edýär. Telekeçiligiň düzüm gurşawy giňeýär, telekeçi bolmak isleýänleriň sany hem artýar. Beýleki tarapyndan, türkmen telekeçileriniň köp böleginiň zerur tejribesi-de, şoňa laýyk bilimi-de ýokdur.

Bazar gurşawynyň institutlarynyň köpüsi gowşak we netijesizdir, telekeçilik etikasy-da örän pes derejededir.

Türkmenistanda telekeçiligiň häsiýetli sypaty-da onuň döwlet bilen berk baglanyşygydyr. Ol baglanyşyga aşakdakylar degişlidir. Birinjiden, entek ýurtda hususylaşdyrylmadyk kärhana köp. Bu kärhanalary dolandyrmaga döwletiň gatnaşjakdygy bellidir. Ikinjiden, hususy kärhanalar döwlet apparatyna garaşlydyr. Üçünjiden, telekeçileriň köp bölegi öň döwlet apparatynda işlänsoň bu apparat bilen jebis baglanyşygy esasynda hususylaşdyrylan kärhanalaryň dolandyrylyşyna goşulyşandyr.

Umuman, telekeçilik işiniň ýurdumyzda alnyp barlyşy, onuň guralyşy we ösdürilişi barada bellenilip geçilse, onda garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan hususy telekeçiligi, kiçi we orta telekeçilige degişli pudakda ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölümçesini ösdürmegi, hojalygy ýöretmegiň täze görnüşleriniň ýüze çykmagyny hem-de hususy eýeleriň giň toparynyň kemala gelmegini üpjün edýän kanunçylyk namalaryň we kadalaşdyryjy resminamalaryň birnäçesi kabul edildi. Muňa mysal edip «Telekeçilik işi hakyndaky» Türkmenistanyň Kanuny, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Edara görnüşdäki tarapy döretmeýän telekeçilere salgyt salmagy ýönekeýleşdirmek hakynda» 1996-njy ýylyň oktýabr aýynyň 31-inde çykaran №2848, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanda salgyt ulgamyny kämilleşdirmek boýunça çäreler hakynda» 2000-nji ýylyň sentýabr aýynyň 8-inde çykaran №4848 kararlaryny görkezip bolar. Döwletiň çäginde ýaşaýan raýatlaryň alyp barýan hususy işleriniň işjeňleşmegi we döwletiň bazar gatnaşyklaryna geçmegi bilen baglanyşyklylykda Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan hususy telekeçilere salgyt salmagyň ýönekeýleşdirilen ulgamy girizildi, munuň özi bolsa telekeçileri döwlet tarapyndan goramaga we olara goldaw bermäge gönükdirilendir. Häzirki döwürde telekeçiligiň erkinligi, biziň milli ykdysadyýetimiziň esasy aýratynlyklarydyr, ýagny häzirki döwürde telekeçi edara görnüşindäki tarapy döretmezden hem telekeçilik işini amala aşyryp bilýär. Ýurdumyzyň çägindäki edara görnüşdäki tarapy döretmeýän hususy telekeçileri döwlet tarapyndan bellige almagyň ýeke-täk tertibi bellenilendir. Döwlet tarapyndan bellige almak şahsy tarapyň arza beren gününden başlap 10 gün möhletde geçirilýär. Döwlet tarapyndan hususy telekeçileri hasaba almagyň amallary şulardan ybaratdyr:

Telekeçi hakyndaky maglumatlary Türkmenistanyň hususy telekeçi-

lerini döwlet tarapyndan bellige alyş sanawyna girizmek.

Hususy telekeçilere bellige alnandygy barada şahadatnama bermek.

Telekeçilik işi bilen kämil ukyby bolan, 18 ýaşa ýeten ýa-da şu ýaşdan öň nikalaşan şahsy taraplar, eger-de olaryň amala aşyrýan işiniň görnüşinde ýaş çäklendirmesi ýok bolan ýagdaýynda meşgullanyp bilerler. Şeýle-de ýurduň çäginde hemişelik ýaşamak üçin rugsatnamasy bar bolan daşary ýurtly raýatlaryň we raýatlygy ýok taraplaryň telekeçilik işi bilen meşgullanmaga hukugy bardyr. Ýurdumyzyň kanunçylygynda telekeçilik işi bilen meşgullanmaga şu aşakdaky taraplar degişli däldir, ýagny döwlet häkimiýeti we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň wezipeli işgärleri, döwlet gullukçylary, hakyky harby gullukda bolýan harby gullukçylary bolup durýan raýatlar we beýleki taraplar, şeýle hem kazyýetiň çözgüdi boýunça batan diýlip yglan edilen şahsy taraplar. Telekeçilik işleriniň aýry-aýry görnüşleri ýörite rugsatnamanyň alynmagyny talap edýän halatlarynda, hususy telekeçi döwlet tarapyndan bellige alnandan soň degişli rugsatnamany almalydyr, şeýle-de ol haçanda daşary ykdysady işi amala aşyrmagy maksat eden mahaly, şeýle işi amala aşyrmaga hukuk üçin ýörite şahadatnamany hem almalydyr. Telekeçilere salgyt salmak meselesi barada aýdylanda, ýurdumyzda telekeçiligi ösdürmek üçin edilýän işleriň biri, ol hem telekeçilere berilýän salgyt ýeňillikleri bolup durýar. Salgyt ýeňilligi bu töleýjiniň salgytdan doly ýa-da kem-käsleýin boşadylmagydyr. Işleriň patent alynýan görnüşlerini amala aşyrýan hususy telekeçiler goşulan baha üçin salgydy we girdeji salgydy tölemekden boşadylýar. Eger telekeçi hakykatda işiň dürli görnüşleri bilen meşgullanýan bolsa, onda işiň her görnüşi üçin aýratynlykda bellenilen patent tölegi tölenmän, tölegiň iň ýokary möçberi bellenilen işiň görnüşi patent tölegini hasaplamaga esas edip alynýar.

Dünýä tejribesinden hem belli bolşy ýaly, kiçi kärhanalar bäsdeşlige örän ukyply bolup, olar şertlere gowy uýgunlaşýarlar. Mysal üçin, Ýaponiýany alyp görenimizde, onda ol ýurtda ähli önümçilik ulgamyndaky işleýän işgärleriň umumy sanynyň 80%-e golaýy kiçi kärhanalarda işleýärler. Şeýle hem ösen ýurtlarda, ösüp barýan ýurtlarda hem kiçi kärhanalaryň işine döwlet tarapyndan aýratyn üns berilýär. Käbir ýurtlarda bolsa salgytlardan ýeňillikler göz öňünde tutulandyr. Ýurdumyzda bazar ykdysadyýeti şertlerinde müňlerçe kiçi kärhanalar işleýär. Döwlet tarapyndan goldawyň netijesinde ýurdumyzda hereket edýän kiçi kärhanalaryň ösmegine, sanynyň artmagyna getirdi. Kiçi kärhanalarda önümçilik pudaklarynda önümçilik-

-tehniki maksatlar üçin önümleri öndürýänler hem-de halkyň köp sarp edýän harytlaryny öndürýän pudaklarda umumy işgärleriň sany 50 adama çenli, lomaý söwda we araçyllyk, üpjünçilik pudaklarynda işleýänleriň sany 10 adama çenli, sanalynanlardan başga kärhanalarda bolsa işgärleriň umumy sany 25 adamdan geçmeli däldir. Kiçi kärhanalarda hem maliýe işleri we hasabat işleri beýleki kärhanalaryňky ýaly bolup durýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda telekeçiligi we kiçi telekeçiligi ösdürmegiň halkara guramalarynyň işini utgaşdyryp guramak amala aşyrylýar. Hyzmat etmek ugrunda telekeçiligiň ösüşini höweslendirmek üçin (auditor, konsalting, inžiniring, lizing we şulara meňzeş beýleki hyzmatlar) ýeňillikli karz bermekde, maliýeleşdirmekde, salgyt salmakda has oňaýly düzgünleri ýola goýmaga üns berilýär. Kiçi kärhanalarda salgyt salmak barada durlup geçilende bolsa, ilki bilen bellemeli zat olara umumy ýa-da ýönekeýleşdirilen tertipde salgyt salmak ulanylyp bilner, ýöne onuň haýsydyr birini saýlap almak ýurdumyzda kiçi kärhanalaryň özüne bagly bolup durýar. Olar degişli salgyt gullugyna hat üsti bilen haýyşnama ýazyp, haýsydyr birini saýlap almaga ýüz tutýarlar, ýagny indiki çärýegiň başlanmagyna 30 günden giç galmazlyk bilen. Häzirki hereket edýän kanunçylyga laýyklykda ýönekeýleşdirilen tertipde salgyt salmaga geçýän kärhanalar ýeke-täk salgyt töleýärler, olar gymmatyň üstüne goşulan salgytdan, peýdadan alynýan salgytdan we emläk üçin salynýan salgytdan boşadylýar.

Tükmenistanda eýýäm işläp ýören kiçi we orta gürpdäki kärhanalaryň tapawutlandyryjy özboluşly häsiýeti olarda hökmany suratda kärhana eýesiniň özüniň işleýändiginden, hak tölenmeýän maşgala agzalarynyň işleýändiginden ybaratdyr. Bu kärhanalar hakykat ýüzünde maşgala kärhanalyrydyr. Goýlan maýa, kämahallar bolsa juda ujypsyzja goýlan maýa hut öz zähmetiň, ugurtapyjylyk ukybyň şolar ýaly kärhananyň işiniň düýp esasy bolup hyzmat edýär. Ýurdumyzda telekeçilik bilen meşgullanýanlaryň düzümi dürli-dürlüdir: ol ýerde köçelerde söwda edýän satyjylara, azyk harytlaryny we gaýry harytlaryny satýan kiçijik, özü-de gije-gündiz işleýän dükanjyklaryň eýelerine öwrülen işçilerden we gullukçylardan başlap, iş hyzmatlarynyň dürli ugurlarynda işleýän hünärmenlere, ýuristlere, inženerlere, programmaçylara, lukmanlara we ş.m. çenli bolan işgärler bar. Garaşsyzlyk alan günümizden bäri telekeçiler döwlet tarapyndan goldanylyp gelýär. Telekeçilik işini has-da höweslendirmek we onuň ösüşine ýardam bermek maksady bilen, Garaşsyzlyk ýyllary içinde, 2005-nji ýylda salgytlar hakyndaky kanuna üýtgeşmeler girizildi. Onda önümçi-

lik bilen meşgullanýan edara taraply telekeçileriň peýdasyna salynýan salgyt 2%-e getirildi. Şeýle hem şu geçen döwürde ýurdumyzda işewürligi we telekeçiligi ösdürmekde «Telekeçilik işi hakyndaky», «Erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy hakyndaky», «Daşary yurt maýa goýumlary hakyndaky», «Daşary ykdysady işi hakyndaky» kanunlaryň, şeýle hem «Türkmenistanda telekeçiligiň döwlet goldawynyň esaslary baradaky düzgünnamanyň», «Maýa goýum taslamalaryny karzlaşdyrmagyň tertibi hakyndaky düzgünnamanyň» kabul edilmeginiň uly ähmiýeti bar. Bu resminamalar kiçi we orta biznesiň kärhanalarynyň önümçilik we daşary ykdysady işleriniň ösdürilmeginiň esaslaryny döretmäge ýardam berdi.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ykdysady ösüşine ýardam berýän telekeçilik hereketi ýurdumyzda uly depginler bilen ösýär. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda telekeçilik işini has-da kämilleşdirmegi, bar bolan päsgelçilikleri aradan aýyrmalydygyny nygtaýar. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz ykdysadyýetiň hususy sektorynyň ösdürilmegine uly üns berýär. Bu barada ýurt baştutanymyzyň şu ýylyň aprel aýynyň 17-inde ýurdumyzyň hususy telekeçileriniň sergisine gatnaşmagy we ol ýerde söz sözlemegi, bu sektory ösdürmekde döwlet tarapyndan uly goldawlaryň berilýändigini subut edýär. Şolaryň hatarynda 2015-nji ýylyň aprel aýynyň 1-inden salgyt salmaga we şolar boýunça bellenilen patent tölegine degişli işleriň aýry-aýry görnüşleriniň täze sanawynyň güýje girizilmegini mysal hökmünde bellemek bolar. Ýurt baştutanymyz şol geçirilen sergi maslahatda ýurdumyzda telekeçiligiň has-da ösdüriljekdigini nygtap, bu barada käbir bökdençlikleriň aradan aýyrylmagynyň, olar üçin göterimsiz karzyň göz öňünde tutulmagynyň zerurdygyny bellemegi, Türkmenistanyň senagatçylar we telekeçiler birleşmesini döretmek hakynda, şeýle-de telekeçiligi kämilleşdirmäge gönükdirilen resminamalaryň birnäçesine gol çekmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşlerine badalga boldy.

Türkmenistanyň hökümeti telekeçiligi işjeňlik bilen fermerlere ýerleri peýdalanmaga paýlamak, kärendeçilere zerur bolan oba hojalyk tehnikalaryny we ekiş serişdelerini berýär, erkin telekeçiligiň ykdysady zolagyny ösdürmek üçin salgyt we beýleki ýeňillikleri belleýär. Kiçi biznes üçin amatly şertleri döretmekde Türkmenistanyň hökümeti hususy haryt öndürijilere ýeňillikli döwlet karzlaryny hem göýberdi. Bulardan başga hem döwlet edara görnüşli tarapy döretmezden, kiçi biznesiň we telekeçiligiň kärhanalaryny döretmegiň we hasaba almagyň ýollary ýeňilleşdirildi.

Ýewropanyň abatlaýyş we ösüş banky, dünýä banky, telekeçiligi goldamagyň Merkezi Aziýa we amerikan gaznasy we şulara meňzeş edaralar Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň oba hojalyk, ulag, dokma, nebit-gaz pudaklarynda kiçi we orta kärhanalary döretmek we goldamak üçin özleriniň karz ugurlaryny açdylar.

Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde ykdysadyýetiň döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk böleginiň ösüşi ýurduň ykdysadyýetiniň hojalygy alyp barmagyň täze şertlerine geçmegini üpjün edýän jemgyýetiň gurluşyny üýtgetmegiň esasy durmuş şerti bolup durýar. Hususy eýeçilige daýanmazdan, bazar gatnaşyklaryna geçip bolmaýar. Häzir ýurdumyz hem şu ýola eýerýär.

Häzirki döwürde bazar gatnaşyklarynyň ösmegi jemgyýetiň sosial ösüşinde uly ähmiýete eýe bolýar. Harytlaryň we hyzmatlaryň bolçulygy emele gelýär. Häzirki döwürde telekeçiligiň oba senagat toplumynda has-da ösdürilmegi möhüm wezipeleriň biri bolup durýar. Oba hojalyk çig malyny gaýtadan işlemek, taýýar önümleri öndürmek, bazarlarda satmak bilen meşgul bolýan kiçi we orta kärhanalary ösdürmek maksadalaýykdyr. Kiçi we orta kärhanalaryň aýratynlygy onuň hut özüniň iş ulgamyny özleşdirip, bazar islegleriniň uly kärhanalar tarapyndan doldurylyp bilinmeýän boşluklaryny ýüze çykarýandygyndan ybaratdyr. Oba ýerlerinde sarp ediji ilatyň we senagatyň jemlenişiniň onçakly uly däldigi, önümçilikde, söwdada we hyzmat etmekde köp peýda alyp bolmaýandygy bilen baglanyşyklylykda bu ýerde kiçi we orta kärhanalaryň orny ýokarydyr:

– oba telekeçileriniň işi esasan ýola goýlan aragatnaşyklara we transport ulgamyna eýe bolan şol bir alyjylaryň iýmit önümlerine bolan isleglerini kanagatlandyrmak üçin esasan ýerli bazara gönükdirilendir;
– obadaky haryt öndürijiler haryt getirijilere-de birneme baglydyr;
– obadaky telekeçiler üçin wezipeler has aýdyňdyr we düşnüklidir, türkeçilik bolsa, esasan, aýry-aýry ýyllardaky amatsyz howa ýagdaýlary bilen baglanyşyklydyr;
– senagatçylar bilen deňeşdirilende, oba telekeçileriniň şeýle köp sanly hojalyk aragatnaşyklary ýok;
– oba hojalygynda her ýyl täze kararlary kabul edip oturmak zerurlygy ýok, çünki önümçilik esasan sazlanylan we ýola düşen önümçilikdir;
– oba hojalyk önümleri üçin has çeýe nyrhlar bellenilýär,

munuň özi bolsa diňe bir önümçiligiň möçberi bilen däl, eýsem önümiň hili we ony ýerleşdirmegiň möhletleri bilen hem baglanyşyklydyr.

Geljekde hemme ýerde döräp ugran fermer hojalyklaryna ýurdumyzda oba telekeçiligini ösdürmekde aýratyn orun degişli bolmalydyr. Oba telekeçiliginde fermer hojalyklaryny ösdürmegiň ähmiýeti şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– fermer hojalyklary esasy haryt öndürijiler bolan daýhan birleşikleri bilen birlikde goşmaça oba hojalyk önümini almaga ýardam edip, ýurdumyzyň çäginde azyk üpjünçiliginiň çözülmegini çaltlandyrýarlar;
– oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek ulgamyny ösdürmek, ýitirilen daýhançylyk senetkärçiligini dikeltmek, özara peýdaly hyzmatdaşlyk we işjeň hyzmatdaşlyk üçin zerurlygy döredýärler.

Umuman, ilaty iş bilen üpjün etmekde, täze iş ýerlerini döretmekde, bazary gerekli harytlar we hyzmatlar bilen üpjün etmekde, goşmaça girdeji almaga mümkinçilikleri döretmekde we beýlekilerde hususy işewürligiň wajyp ähmiýeti bardyr. Hojalygy ýoredýänleriň hasabatynyň maglumatlaryna görä, häzirki wagtda ykdysadyýetiň döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk böleginde 13,7 müň sany kärhana hasaba alyndy, bu bolsa ýurt boýunça hasaba alnan kärhanalaryň umumy sanynyň takmynan 80%-ne deňdir. Ýokarda ady tutulan kärhanalardan başga-da ýurduň ykdysadyýetinde Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugyndan alnan patentiň ýa-da bellige alyş şahadatnamanyň esasynda öz işlerini amala aşyrýan 47 müň töweregi hususy telekeçi hereket edýär. 2020-nji ýyla çenli ýurdumyzyň telekeçileri tarapyndan öndürilýän önümleriniň möçberi, nebit-gaz pudagyny hasap etmäninde, JIÖ-niň 70%-ni tutar. Munuň özi Türkmenistanda telekeçilere milli ykdysadyýetimizi mundan beýläk hem ösdürmekde ähmiýetli ornuň degişlidigini görkezýär.

Dünýä hojalygy pudaklaýyn düzüm nukdaýnazaryndan birinji sektora (oba hojalygy, tokaý hojalygy we balyk hojalygy), ikinji sektora (senagat we gurluşyk) hem-de üçünji sektora (hyzmat ediş sferasy) bölünýär. Käbir ýagdaýlarda üçünji sektordan dördünjini – ylym, ylmy-barlag we tejribe-konstruktorlyk işlerini tapawutlandyrýarlar.

# XI BAP
# DÜNÝÄ HOJALYGYNYŇ PUDAKLAÝYN DÜZÜMI

## 11.1. Dünýä ykdysadyýetiniň düzümindäki esasy özgerişler

Düňýä hojalygynyň durnukly postindustrial ykdysadyýete geçmegi bilen onuň pudaklaýyn düzüminde düýpli üýtgeşmeler bolup geçdi. Soňky onýyllyklaryň dowamynda pudaklaýyn düzumdäki esasy üýtgeşmeler – maddy önümçilik sferasy (birinji we ikinji sektorlar) bilen hyzmat ediş sferasynyň (üçünji sektor) arasyndaky gatnaşygyň üýtgemeginden gelip çykýar. Sosial-ykdysady ösüşiň derejesi näçe ýokary bolsa, şonça-da hyzmat ediş sferasynyň ykdysadyýetdäki paýy hem ýokarydyr.

Häzirki wagtda dünýä hojalygy postindustrial düzüme eýe bolup, onda önümçilik däl ulgamyň pudaklary agdyklyk edýär (DJÖ-niň 40–45%). Maddy önümçilik ulgamynda öňküsi ýaly senagat öňdeligi eýeleýär (DJÖ-niň 35%) oba hojalygy JIÖ-niň 4%-ni, gurluşyk 6%-ni, ulag – 10%-ni berýär.

Soňky ýyllarda ösen ýurtlarda hyzmat ediş sferasynyň JIÖ-däki paýy artan bolsa, onuň tersine, senagatyň we gurluşygyň JIÖ-däki paýy azaldy. Şol bir wagtyň özünde ösen ýurtlarda oba hojalygynyň, tokaý we balyk hojalygynyň paýy hem azaldy.

Ösüp gelýän ýurtlarda senagatlaşmagyň gidişinde ikinji sektoryň, ýagny senagatyň we gurluşygyň JIÖ-däki paýy artdy, birinji sektoryň paýy bolsa azaldy. Şol bir wagtda hyzmat ediş sferasynyň paýy üýtgemedi diýen ýalydyr.

Geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda hyzmat sferasynda ösüş bolup geçdi. Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynda, Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynda birinji sektoryň paýy peseldi. Onuň tersine, GDA ýurtlarynda birinji sektoryň paýy senagat önümçiliginiň peselmegi sebäpli artdy. Ikinji sektoryň paýy Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynda, GDA ýurtlarynda azaldy.

# 11.2. Dünýä senagatynyň pudaklaýyn düzümi

Soňky ýyllarda dünýä senagatynyň pudaklaýyn düzüminde gazyp alýan pudaklaryň ähmiýeti peselip, işläp bejerýän pudaklaryň ähmiýeti ýokarlandy. Munuň sebäbi çig mal öndürmek üçin serişdeleriň az sarp edilmegi hem-de mineral çig mallaryň emeli çig mallara çalşyrylmagy bilen düşündirilýär. Bu ýagdaý esasanam ösen ýurtlara degişlidir.

Ösen döwletleriň aglabasynda gazyp alýan pudaklaryň paýynyň pese gaçmagynyň esasy sebäbi, ösüp gelýän ýurtlarda we geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda çig mal baýlyklaryň köp gazylyp alynmagy we arzanlygy bilen baglanyşyklydyr. Ýagny ösen döwletlerde ähli senagat önümçiliginde gazyp alýan pudagyň paýy 2%-e, ösüp gelýän ýurtlarda – 14%-e, Russiýada – 30%-e golaý bolsa, nebit gazyp alýan döwletlerde – 40–50%-e ýetýär.

Ösen ýurtlaryň gaýtadan işleýän senagatynda çig maly we serişdäni köp talap edýän (metallurgiýa, nebiti gaýtadan işleýän, gurluşyk materiallaryny öndürýän) pudaklaryndan ylmy tutumly (elektronika, farmasewtika, himiýa, awiasion we raketa-kosmiki) pudaklara yzygiderli geçiş bolup geçýär. Maşyngurluşyk pudagynyň we metaly gaýtadan işleýän pudagynyň önüminiň paýy yzygiderli artýar. Soňky ýyllarda bu pudaklaryň paýy dünýäniň gaýtadan işleýän senagatynyň ähli öňümleriniň 40%-e golaýyny tutýar. Elektronika hem-de elektrotehnika – dünýä senagatynyň iň çalt ösýän pudaklarydyr. Himiýa senagatynyň paýy soňky onýyllyklarda düýpli ýokarlandy.

Gara we reňkli metallaryň, himiki harytlaryň, plastmassanyň, agajyň sarp edilişi azalýar. Şol bir wagtda plastmassanyň we kompozit materiallaryň täze görnüşleriniň ulanylyşy giňeýär.

Ösen ýurtlarda ýeňil we azyk senagatynyň paýy peselýär. Munuň özi ösen ýurtlaryň ilatynyň isleginiň we alyjylyk ukybynyň düzüminde ýönekeý isleglerini kanagatlandyrmakdan (azyk önümleri, geýim, aýakgap) hyzmatlara edilýän çykdajylaryň ösmegine (bilime, saglygy goraýşa, ulaga, dynç alşa) tarap özgerişiň bolmagy bilen bagly.

Şol bir wagtda ösen ýurtlaryň mundan beýläk has gymmat bahaly önümleriň önümçiligine, esasanam, ylym tutumly (awiakosmiki, biotehnologiki, informasion-kommunikatiw) önümçilige ýöriteleşmeginiň güýçlenmegi bolup geçýär.

Ösen ýurtlaryň hem-de geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň agrar sferasynda XX asyryň ikinji ýarymynda agrosenagat toplumy emele geldi.

Gurluşyk toplumynyň tutýan orny özüniň durnuklylygynda saklanýar, ýöne önümçilik däl (aýratynam sosial) ähmiýetli obyektleriň hem-de ýaşaýyş jaý gurluşygynyň paýynyn ösmegine tarap täzeden ugur alýar.

Hyzmat ediş çäkleriniň pudaklaýyn düzüminde işjeň hyzmatlar toplumyna (marketing, mahabatlandyrma, informasion, auditor, maslahat bermek we esasanam maliýe hyzmatlaryna), şonuň ýaly hem syýahatçylyk hyzmatlaryna tarap ösüş bolup geçýär. Aragatnaşyk pudaklary ýokary depginler bilen ösýär. Telekommunikasiýa islege görä köpçülikleýin häsiýete, tutýan giňişligine görä ähli umumy häsiýete eýe bolup barýar. Internet ulgamyny ulanýanlaryň, öýjükli aragatnaşyk mobil ulgamynyň abonentleriniň sany çalt ösýär.

## 11.3. Agrar senagat toplumy

XX asyryň 60-njy ýyllarynda, öňi bilenem ABŞ-da başlanan agrarsenagat integrasiýasy prosesiniň ýaýbaňlanmasy dünýäniň oba hojalygyna güýçli täsir etdi. Agrarsenagat integrasiýasy oba hojalygynyň senagat esaslaryna geçişi aňladýar we eýeçilik gatnaşyklaryna hem kontraktasiýa görnüşli şertnamalara esaslanan ysnyşykly, durnukly, uzak möhletleýin aragatnaşyklary birleşdirýän oba hojalyk, senagat we hyzmat ediş kärhanalarynyň ýeke-täk ulgamynyň döredilmegine getirýär.

Integrasiýanyň netijesinde agrarsenagat toplumynyň (AST) emele gelmegi ýüze çykýar. AST oba hojalyk, senagat we hyzmat ediş kärhanalarynyň bitewi ulgamy görnüşinde bolup durýar.

AST tutuş önümçilik zynjyryny gurşap alyp, üç ulgamy öz içine alýar:

– 1-nji ulgam – oba hojalygy we azyk senagaty üçin önümçilik serişdelerini (maşynlary, enjamlary, himikatlary) öndürýän senagat;
– 2-nji ulgam – oba hojalyk önümçiligi (ekerançylyk we maldarçylyk);
– 3-nji ulgam – oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän we saklaýan (azyk, deri senagaty, elewatorlar), şeýle hem azyk harytlaryny we oba hojalyk çig malyny daşaýan hem-de ýerleýän (käwagt 3-nji ulgamyň soňky iki pudagy agrosenagat toplumynda aýratyn ulgam ýaly garalýar).

**AST-nyň ösüşiniň esasy meýilleri.** AST-nyň dünýäniň JIÖ-däki paýy--baha berilmegine görä 20–25% deň bolup, onuň maşynlaryň, enjamlaryň hem himikatlaryň ösýän önümçiliginiň, şeýle hem çig maly gaýtadan işlemek derejesiniň ýokarlanmagynyň hasabyna artmaga meýli bar.

Şol bir wagtyň özünde soňky onýyllyklaryň içinde oba, tokaý we balyk hojalygynda iş bilen meşgullanýanlaryň udel agramy hemme ýerlerde diýen ýaly pese düşýär. Ösen ýurtlarda birinji sektorda iş bilen meşgul ilatyň paýy 2–3% teweregine deň. Şu pudakda iş bilen meşgullanýanlaryň şeýle pes derejedäki paýy ösen ýurtlarda oba hojalyk zähmetiniň ýokary öndürijiligi bilen kesgitlenilýär. Degişlilikde, geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda we ösýän döwletlerde şu paý ýokary bolup, Russiýada iş bilen meşgullanýan ilatyň 9,8 göterimine deň. Ukrainada – 25,2, Polşada – 18,8, Hytaýda – 46,8, Pakistanda – 47,3, Indoneziýada – 43,2 göterime deň.

Şonuň bilen birlikde AST-nyň beýleki düzüm böleklerinde iş bilen üpjün etmek diňe bir azalman, eýsem, tersine, tiz ösýär. ABŞ-da AST-da iş bilen meşgul bolan ilatyň takmynan 20 göterimi işleýär, olar ýurduň JIÖ--niň takmynan 20 göterimini üpjün edýärler. Ol AST-nyň 3-nji ulgamynyň gyşarnyksyz ösüşiniň hasabyna bolup geçýär (ABŞ-da bu ulgamda toplumyň ähli önüminiň takmynan 75 göterimi öndürilýär).

Ösen ýurtlarda agrosenagat toplumynyň üç ulgamyň arasyndaky gatnaşyk häzirki wagtda 2:1:7 deň (90--njy ýyllaryň ortalarynda – 3:1:6). Şol öňe gidişlik diňe bir gaýtadan işleýän pudaklaryň ýokary ösüşi bilen däl-de, eýsem oba hojalyk üçin maşynlaryň we himikatlaryň önümçiligindäki durgunlyk bilen düşündirilýär.

Geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda AST-nyň düzüminde oba hojalygyň paýy ösen ýurtlaryňka garanyňda ep-esli ýokary, ol bolsa oba hojalyk önümleriniň gaýtadan işlenilmeginiň ösüşiniň has pes derejesini görkezýär. Russiýada AST-nyň ulgamlarynyň arasyndaky gatnaşyk XXI asyryň başlarynda 2:4:4-e (90-njy ýyllaryň başynda 3:5:2) deň.

**Dünýäniň oba hojalygynyň ösüşiniň esasy tapgyrlary.** XX asyryň dowamynda dünýäniň oba hojalygy birnäçe wajyp tehnologiki öňe gidişlikleri başdan geçirdi, olar, düzgün bolşy ýaly, has ösen ýurtlarda başlandy, soňra tutuş dünýä hojalygyna ýaýrady.

Ösen ýurtlarda XX asyryň başky 40 ýylynyň dowamynda ýerleriň el bilen işlenilip taýýarlanylmagyndan ýa-da haýwanlaryň tirkeg çekýän güýjüniň ulanylmagyndan, traktorlaryň we beýleki oba hojalyk maşynlaryň ulanylmagynyň esasynda mehaniki taýdan işläp taýýarlanylmagyna geçiş boldy.

Ikinji tehnologiki öňe gidişlik oba hojalygynda tutuş önümçilik prosesiniň

toplumlaýyn mehanizasiýalaşdyrylmagynda bolup geçdi. Oba hojalygynda ilkinji gezek sürlen ýerde ähli işleri – ekişden oraga çenli ýerine ýetirýän maşynlaryň ulgamy döredi. Mehanizasiýalaşdyrmagyň barşynda maşynlaryň we mehanizmleriň ulgamy döredi. Ol ulgam aralyk amallarynda we ýükleýiş-düşüriş işlerinde el zähmetini çalyşmaga ýardam berdi. Bu geçiş ABŞ-da 40–50-nji ýyllarda, Günbatar Ýewropada – 50–60-njy ýyllarda, SSSR-de, Merkezi we Gündogar Ýewropa ýurtlarynda – XX asyryň 70-nji ýyllarynyň soňunda bolup geçdi. 1950-nji ýylda dünýäniň oba hojalygynda 7 milliona golaý traktorlar işleýärdi, 2001-nji ýylda bolsa 26,9 million. Şolardan ýygnaýjy kombaýnlar – degişlilikde, 1,5 mln. we 4,1 mln. XX asyryň ikinji ýarymynda dünýäde mineral dökünleriň sarp edilişi 10 esse artdy, zäherli himikatlaryň ulanylyşy bolsa 30 esseden gowrak artdy.

Oba hojalygyny mehanizasiýalaşdyrmak bilen bir wagtda köpçülikleýin mineral dökünleriň ulanylyşy hem-de ösümlikleri goramak, ösümlikleriň görnüşlerini we mallaryň tohumlaryny gowulandyrmak maksady bilen, himiya serişdeleriniň köpçülikleýin ulanylyşy başlandy.

Ösýän ýurtlaryň oba hojalyk önümçiliginde XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ortalaryndan 70-nji ýyllarynyň soňuna çenli bolup geçen senagat taýdan özgermek prosesi «ýaşyl rewolýusiýa» adyna eýe boldy. «Ýaşyl rewolýusiýanyň» esasy mazmuny seleksionerler tarapyndan ösdürilip ýetişdirilen däneli ösümlikleriň ýokary hasylly sortlarynyň giňden ulanylmagy (esasan hem bugdaý, mekgejöwen we tüwi); oba hojalygynyň mehanizasiýalaşdyrma derejesiniň ýokarlanmagy, umumy ösümlikleri goraýan mineral dökünleriň we himiki serişdeleriň ulanylmagy; suwarymly ýerleriň ep-esli giňelmeginden ybarat. «Ýaşyl rewolýusiýanyň» esasy maksady açlygy we ýeterliksiz naharlanmany aradan aýyrmak maksady bilen, ösýän ýurtlaryň azyk üpjünçiligini gazanmakdan hem-de wajyp azyk harytlarynyň importyna garaşlylygy azaltmakdan ybarat.

«Ýaşyl rewolýusiýanyň» esasy netijesi oba hojalyk önümçiliginiň ep-esli ýokarlanmagy boldy. Hytaý, Hindistan, Indoneziýa, Meksika we Gündogar hem Günbatar-Gündogar Aziýanyň we Latyn Amerikasynyň birtopar ýurtlary däne üpjünçiligini gazandylar. «Ýaşyl rewolýusiýa» oba hojalygyndaky bazar özgertmeleri bilen utgaşyklykda Aziýanyň we Latyn Amerikasynyň käbir ýurtlaryny dünýäniň agrar döwletleriniň hem eksportýor ýurtlaryň hataryna goşdy.

XX asyryň 80–90-njy ýyllarynda ösen ýurtlarda biotehnologik («gen») rewolýusiýasy başlandy. Onuň birinji etapynda organiki oba hojalygy giň gerim aldy. Ol önümçilik ulgamy bolmak bilen, onda sintetiki materiallaryň ula-

nylmagy we «topragy emele getirýän» ösümlikleriň aýlanylyşygy gadagan edilen, ýagny onda emeli dökünleriň, ösüşi sazlaýjylaryň we ot-iýme goşundylaryň ulanylmagy düýbünden aradan aýrylýar ýa-da düýbünden çäklendirilýär. Organiki ulgamda ekinleriň hasyllylygy bolmalysyndan pes bolýar, önümçilik harajatlary bolsa biraz ýokary bolýar, emma häzirki wagtda önümiň ahyrky bahasy ýokary bolýanlygy sebäpli şunuň ýaly hojalyklaryň ykdysady taýdan netijeliligi oba hojalygy boýunça ortaçadanam ýokary geçýär. Günbatar Ýewropanyň azyk harytlary bazarynyň 1,5–2 göterimini ekologik taýdan arassa önümler tutýar.

**Dünýä oba hojalyk önümçiliginiň ösüşi we düzümi.** Umumy dünýä haryt önümçiliginde agrar ulgamynyň paýynyň pese gaçmagyna garamazdan, XX asyryň tutuş ikinji ýarymynyň dowamynda dünýä AST-nyň dowamly meýli azyk harytlarynyň we oba hojalyk çig malynyň önümçiliginiň absolýut ösüşi bolup durýar. Görkezilen döwrüň dowamynda oba hojalyk önümleriniň dünýä boýunça öndürilişi iki esse artdy. Önümçiligiň ösüşiniň has ýokary depginleri Gündogar hem Günorta-Gündogar Aziýanyň we Latyn Amerikasynyň ýurtlarynda bellenildi. Şonuň bilen birlikde soňky ýyllarda azyk önümleriniň önümçiliginiň ösüşi ýuwaş-ýuwaşdan haýallap başlady.

Maldarçylyk önümleriniň dünýä boýunça önümçiligi we sarp edilişi ekerançylyga garanyňda – soňky ýyllarda artyşy ýokarydyr.

Bu «et rewolýusiýasy» adyny alan öňe gidiş tutuş agrar ulgamynyň önümçilik ýöriteleşmesiniň üýtgemegine sezewar etdi. Maldarçylyk oba hojalygynda öňdebaryjy pudaga öwrülýär. Maldarçylyk önümleriniň köp bölegi adamlaryň iýmitine däl-de, eýsem mallaryň ot-iýmine gidýär. Ösen ýurtlarda maldarçylygyň paýy oba hojalyk önümleriniň umumy möçberinde ABŞ-da we Fransiýada 50 göterimden gowrak, Germaniýada we Şwesiýada 85 göterime golaý. Emma ösen ýurtlarda asyrlaryň jümmüşinde şu pudagyň udel agramynyň ösüşi bazaryň maldarçylyk önümleri bilen dolandyrylmagy we sagdyn iýmitiň üpjün edilmegi sebäpli haýallaşdy. Geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda, hususan-da, Russiýada hem maldarçylygyň paýy pese düşdi, ýöne başga sebäp bilen, ýagny kömek berýän döwletler tarapyndan arzan ot-iýmleriň getirilmeginiň bes edilmegi bilen.

11. Sargyt № 1094.

## 11.4. Ýangyç-energetika toplumy

Ýangyç-energetika toplumy (ÝET) ýangyjy gazyp almak boýunça ähli pudaklary (ýangyç senagatyna birleşdirilen kömür, nebit, gaz), elektroenergetikany, şeýle hem ýangyjy daşamagy we elektroenergiýanyň ýaýradylmagyny öz içine alýar. Dünýäniň JIÖ-de ýangyç-energetika toplumynyň paýy takmynan 3 göterim töweregidir.

Ilatyň sanynyň we önümçiligiň möçberiniň artmagyna görä energiýa serişdeleriniň dünýädäki sarp edilişi artýar (şertli ýangyç mlrd. tonna hasabynda): 1950-nji ýylda – 2,5; 1980--nji ýylda – 8,9; 1990-njy ýylda – 11,4; 2003-nji ýylda – 15.2; 2012-nji ýylda. – 12,5. JIÖ-niň ösüşi bilen energiýa sarp edilişiniň artmagynyň arasynda ysnyşykly baglanyşyk saklanylýar, şonuň bilen birlikde JIÖ-niň birligi üçin energiýanyň harçlanylmagy tutuş pese düşmek meýline eýedir. XX asyryň soňky üçünji ýarymynda dünýäde umumy energiýanyň sarp edilmeginiň ösüşiniň depginleri uzak wagt aralyklar boýunça alanyňda pese düşýär: 1971–1980-nji ýyllarda – 29,4 göterim, 1981–1990-njy ýyllarda – 26,4, 1991–2000--nji ýyllarda – 22 göterim.

Kömrüň öndürilişiniň pese düşmegine garamazdan, nebitiň we tebigy gazyň gazylyp alnyşynyň çalt artmagynyň hasabyna 50–60-njy ýyllarda energiýa serişdeleriniň sarp edilişiniň ösüşi üpjün edildi. Ol döwür «arzan nebitiň» bol wagty boldy, haçan-da 1952-nji ýyldan 1972-nji ýyla çenli döwür aralygynda nebit üçin nyrh dünýä bazarynda takmynan 1 tonna nebit üçin 14 dollara deňdi. Emma 1973--nji ýylda energiýa çökgünlige duçar bolundy, onuň netijesinde dünýäde nebitiň bir tonnasynyň bahasy 250-300 dollara çenli ýetdi. Çökgünligiň esasy sebäbi ösýän ýurtlaryň – nebit eksportçylarynyň (OPEK agzalarynyň) öz derejelerinden, ýagny dünýä nebitiniň gorlarynyň köp böleginde agdyklyk etmek derejelerinden peýdalanmaga ymtylyş boldy. Beýleki wajyp sebäp şol pursatda nebitiň dünýä bazarynda islegiň birden ýokary galmagy boldy.

Şu şertlerde ösen ýurtlar milli energetik maksatnamalaryny kabul etdiler. Ol maksatnama esasy energiýanyň tygşytlanylmagyna, energiýanyň sarp edilişinde nebitiň paýynyň pese düşmegine, energiýa serişdeleriniň sarp ediş düzüminiň hususy baza laýyk getirilmegine, şeýle hem energiýa göterijileriň importyna baglylygyň azalmagyna daýanýar. Ösen ýurtlar 80-nji ýyllaryň ortalaryna, energetik çökgünliginiň netijelerini, esasan ýeňip geçdiler, onuň netijesinde ösen ýurtlarda JIÖ-niň energiýa talap edijiligi dörtden bir bölege diýen ýaly azaldy. Ýurtlaryň şu toparynda ösüşiň energiýany tygşytlaýjy görnüşine geçişiň bolup geçendigini nygtamak bolýar.

**Energiýa serişdeleriniň sarp edilişinde öňe gidişler.** XX asyryň ikinji ýarymynda ýangyjyň we energiýanyň sarp edilişiniň düzüminde uly özgertmeler bolup geçdi. 50–60-njy ýyllarda dünýä energetikasynyň taryhynda kömür eýýamynyň ornuna nebit-gaz eýýamy geldi. Ýöne 70-nji ýyllardan başlap, energiýa serişdeleriniň ilkinji sarp edilişiniň düzüminde kömrüň, nebitiň we gazyň paýy az üýtgeýär.

Dogrusy, çaklama görä şu esasy energiýa göterijileriniň paýy biraz pese düşer – 2020-nji ýyla çenli 76 göterime çenli düşer. Görkezilen energiýa göterijileriniň paýynyň pese düşmegi energiýanyň sarp edilişinde atom we gidroenergiýanyň ösüşiniň hasabyna bolup geçýär.

Energiýa balansynda udel agramynyň käbir pese düşmegine garamazdan, nebit XXI asyryň başynda hem öňdebaryjy energiýa göterijisi bolup galýär. Energiýa serişdeleriniň sarp edilişiniň düzüminde nebitiň paýynyň artmagy 80-nji ýyllaryň başyna çenli bolup geçdi. Emma soňra şol paý ýuwaş-ýuwaşdan pese düşdi we geljekde 2020-nji ýyla çenli energiýa serişdeleriniň sarp edilişiniň düzüminde onuň mundan beýläk pese düşmegine garaşyp bolar.

50–60-njy ýyllarda sarp ediliş ep-esli pese düşenden soň kömrüň udel agramy durnuklaşdy we hatda ösüp başlady. Emma geljekde 2020-nji ýyla çenli dünýädäki energiýa sarp edilişinde kömrüň paýynyň pese düşmegine garaşylýar, sebäbi ol nebit bilen gaza garanyňda ýangyjyň has-da «hapa» görnüşi bolup durýar we onuň ulanylýan ulgamy ýylylyk elektrik stansiýalary üçin ýangyç hem-de gara metallurgiýada çig mal üçin ulanylmagy bilen çäklenilýär.

Energiýa serişdeleriniň ähli çeşmelerinden tebigy gazyň sarp edilişi çalt depginler bilen artýardy we geljek-

*8-nji tablisa*

**Dünýäde energiýa serişdeleriniň görnüşleri boýunça energiýa sarp edilişiniň düzümi, %-de**

| Energiýa göteriji | 1970 ý. | 1980 ý. | 1990 ý. | 2002 ý. | 2012 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| Kömür | 25,32 | 24,04 | 23,85 | 24,43 | 29,9 |
| Nebit | 37,97 | 38,46 | 39,23 | 33,46 | 33,1 |
| Tebigy gaz | 21,52 | 19,23 | 21,54 | 24,26 | 23,9 |
| Atom energiýasy | 0,50 | 2,88 | 3,85 | 6,53 | 4,5 |
| Gidroenergiýa | 3,30 | 4,81 | 3,85 | 6,30 | 6,7 |
| Beýlekiler | 11,39 | 10,58 | 7,68 | 5,02 | 1,9 |
| Jemi | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 |

Çeşmesi: World Economik Outlook. IMF October 2014.

de hem şol depgin saklanar. Tebigy gaz awtomobil ýangyjy hökmünde giňden peýdalanylýan ýangyja öwrülse, onda ol energiýa göterijileriň arasynda birinji orna çykyp biler. Tebigy gazyň sarp edilişiniň ösüşine gazda işleýän elektrik stansiýalaryň sanynyň artmagy, kommunal hojalygynda gazyň ulanylyşynyň artmagy, onuň ekologiki taýdan arassa ýangyç hökmünde özüne çekijiligi ýaly ýagdaýlar ýardam edýär. Şonuň bilen birlikde tebigy gazyň ulanylyşy gymmat bahaly infrastrukturanyň döredilmegini talap edýär. Gazyň esasy ýataklarynyň iň iri sarp edijilerden uzakda ýerleşmegi sebäpli, gaz geçiriji magistrallaryň gurluşygyna, gazy suwuklandyrmak boýunça desgalaryň gurluşygyna edilýän çykdajylar juda ýokary bolup durýar.

**Dünýäniň nebit senagaty.** Dünýä ykdysadyýetinde nebitiň gazylyp alynmagy 1970-nji ýylda 2270 mln. tonnadan 2003-nji ýylda 3760 mln. tonna çenli ýa-da 1,6 esse artdy. 2012-nji ýylda dünýä boýunça gazylyp alnan nebit 5,7 mlrd. tonna deň boldy. Ýakyn geljekde Pars aýlagyndaky, Hazar deňzindäki nebit ýataklarynda, Alýaskada, Afrikanyň käbir ýurtlarynda, has uzak geljekde bolsa Gündogar Sibirde nebitiň gazylyp alynmasynyň artmagyna garaşylýar.

2015-nji ýyla çenli döwürde dünýä ykdysadyýetinde nebitiň sarp edilişiniň bir ýylda ortaça 1,5 göterim artmagyna garaşylýar. Ösüşiň iň ýokary depginleri ösen ýurtlara degişli bolmadyk ýurtlarda garaşylýar (bir ýylda 2,5 göterim), ol bolsa şol ýurtlarda senagatyň gaýtadan işleýän pudaklarynyň tiz ösüşi we häzirki zaman infrastrukturanyň emele gelmegi bilen şertlendirilen. Ösen ýurtlarda nebitiň sarp edilişi awtomobil we howa ulaglarynyň isleglerini kanagatlandyrmagyň hasabyna bir ýylda 0,7 göterim öser. 80-nji ýyllaryň ortalaryndan başlap dünýä ykdysadyýetiniň ösüş depginleri bilen deňeşdireniňde, dünýä boýunça nebite bolan islegiň has-da pese düşmegi bellenilýär.

**Dünýäniň gaz senagaty.** Tebigy gaz – gazylyp alnyşynyň möçberi boýunça we energiýanyň sarp ediliş düzümindäki paýy boýunça iň tiz ösýän energiýa göterijidir. Dünýäde tebigy gazyň gazylyp alynmagy 1970-nji ýylda 1050 mlrd. $m^3$-dan 2003-nji ýylda 2620 mlrd. $m^3$-a çenli ýa-da 2,5 esse artdy. 2010-njy ýylda dünýäde sarp edilen tebigy gaz 3,1 trillion $m^3$-a barabar boldy. Dünýäde gazyň gazylyp alynmagynda birinji orun ösen ýurtlara (45 göterim), ikinji orun geçiş ykdysadyýetli ýurtlara (35 göterim) we üçünji orun ösýän ýurtlara (20 göterim) degişli.

2015-nji ýyla çenli döwürde dünýä boýunça tebigy gazyň sarp edilişiniň ortaça bir ýylda 3 göterim ýokarlanmagyna garaşylýar.

Dünýäde gazyň gazylyp alynmagynda eksportyň paýy 1995-nji ýylda 15 göterim bolanlygyndan, 2003-nji ýylda 22 göterime çenli artdy. Dünýä bazaryna getirilýän tebigy gazyň takmynan 80 göterimi gaz geçirijiler

boýunça daşalýar, 20 göterimi bolsa gaz daşaýan gämiler arkaly suwuklandyrylan görnüşde daşalýar.

Tebigy gazyň dünýä bazary sebitdäki bazarlaryň esasynda emele geldi. Gazy daşaýan transport serişdeleriniň ösmegi sebitara üpjünçiliginiň durnukly ösüşine getirdi. Tebigy gazyň bitewi dünýä bazarynyň özara bagly bölümlerini düzýän aýry-aýry gazyp alyjy sebitler we ýurtlar daşary söwda gatnaşmak derejesi boýunça ep-esli tapawutlanýarlar. Ýagny, olar eksport nazarlaýjylardan (Niderlandlar, Norwegiýa, Alžir) dünýä söwdasyna gatnaşmaýanlara çenli bölünýärler (Saud Arabystany, Eýran). Tebigy gazyň dünýä bazaryna iň işjeň gatnaşyjylar Russiýa we Günbatar Ýewropanyň ýurtlary bolup durýar.

**Dünýäniň kömür senagaty.** Kömür gazyp alýan pudak dünýä ýangyç-energetika toplumynyň iň köne pudagydyr. Dünýäde ilkinji energiýa çeşmeleriniň sarp edilişiniň düzüminde kömrüň paýy 1900-nji ýylda 94,4 göterime ýetdi. Emma uglewodorodyň ägirt uly ýataklarynyň açylyşynyň, Günbatar Ýewropada we Ýaponiýada awtomobilizasiýanyň täze tolkunynyň, senagatda organiki himiýanyň ösüşiniň täsiri astynda sarp ediji pudaklaryň köpüsinden kömrüň nebit bilen tebigy gaz tarapyndan işjeň gysylyp çykarylmasy bolup geçdi. Ýöne uglewodorodyň soňraky birden gymmatlamagynyň şertlerinde kömür senagaty ikinji dem alşa eýe boldy. Dünýäde kömrüň gazylyp alynýan möçberi 1970-nji ýylda 2860 mln. tonnadan 1990-njy ýylda 4620 mln. tonna çenli artdy. Ýöne haçan-da 90-njy ýyllarda nebit arzanlandan soňra kömre bolan gyzyklanma ýene-de pese düşdi. Häzirki wagtda onuň bir ýylda gazylyp alnyşy 5 mlrd. tonna golaýlady. Dünýäde gazylyp alynýan kömrüň umumy möçberiniň 42 göterimi ösen ýurtlar tarapyndan üpjün edilýär, 50 göterimi bolsa galan ýurtlar, esasanam, Hytaý, Hindistan, Russiýa tarapyndan üpjün edilýär.

Daş we buraw kömrüniň gazylyp alynmagynyň arasyndaky gatnaşykda, daş kömrüň gazylyp alnyşynyň ýokarlanmagyna tarap üýtgeýär: 73 göterimden 82 göterime çenli.

**Dünýäniň elektroenergetikasy.** Elektroenergetika dünýä hojalygynyň esasy pudaklarynyň biri bolup durýar, ol adam işiniň dürli ulgamlarynyň elektrofikasiýasynyň zerurlygy bilen düşündirilýär. Ilat tarapyndan durmuşda elektrik energiýasynyň sarp edilişi ep-esli artdy, şol sanda durmuş şertleriniň we hiliniň gowulanmagy, radio we teleabzallarynyň, durmuş elektrik gurallarynyň, kompýuterleriň giňden ýaýramagy sebäpli artdy.

Şonuň üçin tutuş elektroenergetika üçin ÝET-nyň beýleki pudaklary bilen deňeşdireniňde ösüşiň ýokary depginleri mahsusdyr. Dünýäde elektrik energiýanyň önümçiligi 1970-nji ýylda 4954 mlrd kWt/sagada bolanlygyndan 1990-njy ýylda 11 788 mlrd kWt/sagada çenli we 2002-nji ýylda 16 076 mlrd. kWt/sagada çenli artdy.

70-nji ýyllaryň energetika çökgünliginden soň ösen ýurtlarda energiýanyň tygşytlanylmagynyň güýçlenmegi we energiýany tygşytlaýjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy elektroenergiýanyň öndürilişiniň ösüş depginleriniň peselmegine getirdi. Eger-de öň elektroenergiýanyň öndürilişi senagat önümçiligine garanyňda has çalt ösen bolsa, soňra gatnaşyk tersine üýtgedi. Ýöne şol bir wagtda işjeň industrializasiýa täze industrial ýurtlarynda elektroenergiýanyň öndürilişiniň güýçli ösüşini şertlendirdi. 1990-njy ýyldan soňky döwri alanyňda dünýäde elektroenergiýanyň öndürilişiniň ösüş depgini ortaça bir ýylda takmynan 2,8 göterime deň boldy, ol tutuş dünýä ykdysadyýetiniň ortaça ýyllyk ösüş depgini bilen gabat gelýär.

Häzirki wagtda elektroenergiýanyň tutuş dünýä boýunça öndürilişinde ösen ýurtlaryň paýyna 58 göterim, galan ýurtlaryň paýyna bolsa 42 göterim düşýär. 2020-nji ýyla çenli olaryň paýynyň dünýäde elektroenergiýanyň önümçiliginiň ýarysyna diýen ýaly ýetmegi göz öňünde tutulýar.

## 11.5. Himiýa-tokaýçylyk we metallurgiýa toplumlary

Şu pudak Germaniýada XIX asyryň ahyrynda döredi. XX asyryň 50--nji ýyllaryndan – 70-nji ýyllaryň başyna çenli aralyk döwri himiýa senagatynyň «Altyn asyr» döwri boldy, ýagny bu döwürde nebit-gaz çig malyny ulanýan önümçilikleriň ösmegi bilen baglylykda, himiýa senagaty pudagynyň ýokary depginler bilen ösen döwri boldy. Soňraky onýyllyklarda himiýa senagaty, esasan, ösen ýurtlarda iri tonnažly nebit-himiýa önümçilikleriniň ekstensiw ösüşinden ösüşiň serişdeleri tygşytlaýan ylmy tutumly tapgyryna çenli geçişi amala aşyrdy. XX asyryň ikinji ýarymynda dünýäniň işläp taýýarlaýan senagatynda himiýa senagatynyň paýy 8–9 göterimden 12–15 göterime çenli artdy.

Himiýa senagatynyň pudaklaýyn düzüminde pudaklaryň dört topary bellenilýär:

– Dag-himiýa senagaty (çig malyň – fosforitleriň, nahar we kaliý duzlarynyň, kükürdiň we başgalaryň gazylyp alynmagy, baýlaşdyrylmagy we gaýtadan işlenip taýýarlanylmagy).
– Esasy himiýa senagaty (mineral dökünleriň, kislotalaryň, aşgarlaryň we başgalaryň önümçiligi).

– Polimer materiallaryň senagaty (sintetiki smolalaryň we plastmassalaryň, himiýa süýümleriniň, sintetiki kauçugyň, sintetiki reňkleriň önümçiligi).
– Alyjylaryň isleglerini kanagatlandyrmak üçin niýetlenen önümleriň önümçiligi (farmasewtik serişdeler, ýuwujy serişdeler, fotohimiýa, parfýumeriýa-kosmetik harytlary).

Jemi himiýa senagatynyň düzüminde 200-den gowrak kiçi pudaklar we önümçilikler bar, olaryň önümleriniň görnüşleri bolsa bir milliona ýetýär.

Häzirki wagta hakykatda himiýa çig malynyň we esasy himiýanyň iň wajyp önümleriniň – kükürt kislotasynyň, mineral dökünleriniň önümçiligi durnuklaşdy, sintetiki kauçugyň ösüş depginleri haýallaşdy. Ol ýagdaý önüm öndürmek üçin himikatlary az harçlaýan tehnologiki prosesleriň kämilleşmegi bilen düşündirilýär. Şol bir wagtda beýleki polimer materiallaryň, ilki bilen, sintetiki smolalaryň, plastmassalaryň, himiki süýümleriň önümçiliginiň çalt ösüşi bolup geçýärdi.

Himiýa senagatynyň önümleriniň umumy möçberinde ösen ýurtlaryň paýy pese düşdi, şondan galan ýurtlaryň paýy ýokarlandy.

Himiýa senagatynda sebitleýin ýöriteleşme emele geldi. Ösen ýurtlar ýokary tehnologiýaly önümleri (farmasewtik serişdeleri, reňkleri, ösümlikleri goraýan serişdeleri we başgalary) öndürmäge ýöriteleşseler, ösüp gelýän we geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda iri göwrümli material talap ediji we ekologiýa taýdan «hapa» önümçilige (mineral dökünleriň, nebit-himiýa önümleriniň önümçiligine) ýöriteleşme bolup geçdi.

**Tokaý, agaç işläp taýýarlaýan we kagyz senagaty.** Tokaýçylyk senagatynyň pudaklaýyn düzümi şulary öz içine alýar:

1) agaç taýýarlaýyş senagaty (agajy taýýarlamak);
2) agajy işläp taýýarlaýan senagat (agaç kesme, fanera, agaç-ýonuşga we agaç-süýümli plitalaryň, gurluşyk detallarynyň, mebeliň we başgalaryň önümçiligi);
3) agaç-himiýa we sellýuloza-kagyz senagaty.

Dünýäde agajyň taýýarlanylyşy 70–80-nji ýyllarda (1.7 esse) artdy, ýöne soňra, 90-njy ýyllaryň dowamynda şol bir derejede galýardy we diňe 2000-nji ýyllaryň başynda biraz artdy. Eger-de agajyň taýýarlanylyşy ösen ýurtlarda durnuklaşan bolsa we GDA ýurtlarynda pese gaçan bolsa, onda onuň ýokary ösüşi Hytaýda we käbir ösýän ýurtlarda (Hindistanda, Braziliýada, Indoneziýada, Nigeriýada we başgalarda) bellenilýär.

Agajy işläp taýýarlaýan senagatyň ösüşi peýdalanmaga ýaramly (senagatlyk) we odunlyk (ýangyçlyk) agaçlaryň gatnaşygyna baglydyr. Agajy taýýarlamagyň dünýä möçberiniň ýarysyndan gowragy odunlyk agajyň paýyna düşýär. Ol ösüp gelýän ýurtlaryň köpüsinde ýangyç hökmünde, esasanam iýmit taýýarlamakda giňden ulanylýar. Odunlyk agajyň paýy ösen ýurtlarda ýokary däl, geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda bolsa birneme ýokarydyr. Peýdalanmaga ýaramly agajyň umumy agaç önümlerindäki paýy Russiýada – 74%, ABŞ-da – 88%, Şwesiýada – 94%, Kanadada – 97% bolsa, Braziliýada – 30%, Hindistanda bolsa – bary-ýogy 10%-e deň.

Dünýäde kagyz we karton önümçiligi 1990-njy ýylda 240 mln. t. bolan bolsa, ol 2002-nji ýylda 320 mln. t. çenli artdy. Ähli öndürilýän kagyz adatça gazet üçin (umumy önümçiligiň 25%), çap we ýazgy üçin (30%), dolaglyk we gaplamak üçin (15%) ulanylýan kagyz önümçiliklerine bölünýär.

**Gara metallurgiýa.** Geçen asyryň birinji ýarymynda poladyň önümçiligi ýurduň ykdysady mümkinçiliginiň esasy görkezijileriniň biri boldy we ykdysadyýetiň islegleriniň ösüşi bilen kesgitlenildi hem-de önümçilik kuwwatlyklarynyň artmagy we önümleriň çykarylmagy bilen bolup geçdi (1900-nji ýylda 28 mln. t-dan 1950-nji ýylda 190 mln. t çenli). Polat önümçiliginiň artmagynyň ýokary depginleri 1950–1973-nji ýyllar döwründe hem saklandy, şol wagtda poladyň eredip alynmagy 700 mln. t ýetdi.

Emma geçen asyryň soňky çärýeginde öňdebaryjy ýurtlaryň ösüşiň postindustrial tapgyryna geçmegi sebäpli, dünýä hojalygynyň pudaklaýyn düzüminiň çuňňur täzeden guralmasy bolup geçdi. Ol bolsa dünýäde gara metallurgiýa senagatynyň düzümleýin krizis döwrüne düşmegine eltdi. Birinjiden, ösen ýurtlarda ylmy tutumly pudaklaryň we hyzmatlar ulgamynyň ösmegi bilen metal önümlerine bolan absolýut we otnositel isleg ep-esli azaldy. Ikinjiden, metal tygşytlamanyň orny artdy, ol bolsa metal önümleriniň sarp edilmeginde hem duýuldy. Üçünjiden, iň täze we progressiw konstruksion materiallar (alýuminiý, plastmassa, keramika) tarapyndan bäsdeşlik güýçlenýär. Dördünjiden, ösen ýurtlarda daşky gurşawy goramak boýunça çäreler güýçlenýär, ol senagatyň iň «hapa» pudaklarynyň biri bolan gara metallurgiýa gös-göni degişli bolup durýar.

Dünýäde gara metallurgiýanyň ösüşinde iň wajyp meýil onuň pes ösen ýurtlara dowamly süýşmegi bolup durýar. Şu ilerleme, bir tarapdan, şol ýurtlarda industrializasiýa prosesinde bazowyý (esasy) pudaklaryň emele gelmegi, beýleki tarapdan bolsa, daşky gurşawy goramak baradaky kanunlaryň berkemegi, şeýle hem olaryň bäsdeşlige ukyplylygynyň pese gaçmagy sebäpli, ösen ýurtlarda metallurgiýa kuwwatlyklaryny azaltmaga

ymtylyş bilen bagly bolup durýar. 90-njy ýyllaryň ortalarynda Hytaý polat eretmek boýunça dünýäde öňdebaryjy ýurtlaryň hataryna çykdy. Biraz soňra Günorta Koreýa Germaniýadan ozup geçdi, Braziliýa bolsa Italiýanyň yzyndan ýetdi we Angliýa bilen Fransiýany ozup geçdi. Soňky onýyllykda dünýäde polat eredilişiniň ösüşine esasy goşandy Aziýanyň ýurtlary (Hytaý, Hindistan, Günorta Koreýa, Taýwan) goşdular. 90-njy ýyllarda geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda metallurgiýa önümçiligi birden pese gaçdy, ol diňe 2000-nji ýyllarda dikeldilip başlandy. Ösen ýurtlaryň içinde poladyň eredilip çykarylmagynyň ösüşi diňe Awstraliýada, Kanadada bolup geçýär.

**Reňkli metallurgiýa.** Dünýäde reňkli metallurgiýanyň ösüşi gara metallurgiýadan tapawutlylykda durnukly ösüşi bilen häsiýetlendirilýär. Dünýäde saplanan reňkli metallaryň önümçiligi 1980-nji ýylda 35 mln. tonna bolanlygyndan, 2003-nji ýylda 56 mln. tonna çenli artdy. Pudagyň önümleriniň köp görnüşleri ylmy tutumly we goranma pudaklary üçin niýetlenen hem-de strategik ähmiýete eýedir. Ol ýagdaý bolsa köp halatlarda ösen ýurtlarda reňkli metallurgiýa ýokary gyzyklanma döredýär. Şunlukda, reňkli metallurgiýa häzirki zaman tehnikasynyň ähli pudaklary üçin ýokary islegden peýdalanýan pudak bolup durýar.

XX asyryň birinji ýarymynda pudagyň pudaklaýyn düzüminde agyr reňkli metallaryň – misiň, gurşunyň, sinkiň, galaýynyň önümçiligi agdyklyk etdi. 50-nji ýyllaryň başyndan 70-nji ýyllaryň ortalaryna çenli bolsa ýokary depginler bilen ýeňil reňkli metallaryň – alýumininiň, magniniň, titanyň we başgalaryň eredilip alnyşy ösdi. Şu tapgyrda alýuminiý senagaty önümçiligiň möçberi boýunça beýleki metallardan öňe saýlanyp, pudagyň düzüminde birinji orna geçdi. Alýuminiý önümçiliginiň ösüşi onuň awtomobil we awiasiýa senagatynda, elektrotehnikada, durmuş harytlarynyň, gaplama materiallaryň önümçiliginde we başgalarda ulanylyşynyň giňeýän ulgamy bilen şertlendirilen.

Reňkli metallurgiýanyň 70-nji ýyllaryň ortalarynda emele gelen häzirki zaman tapgyry hem energetika çökgünligi bilen bagly bolup we şol bir wagtda daşky gurşawy goramak boýunça çäreleriň güýçlenmegi bilen XXI asyryň başynda hem dowam edýär. Häzirki wagtda gaýtadan alynýan çig malyň reňkli metallarynyň önümçiligi üçin ähmiýeti artýar. Täzeden eredip guýmagyň hasabyna gurşunyň ýarysy, alýumininiň, sinkiň we misiň dörtden bir bölegi öndürilýär. Häzirki zaman şertlerinde legirleýän metallara (wolfram, molibden we başgalar), kiçi (wismut, kobalt) we käbir başga metallara aýratyn üns berip başladylar. Ykdysady taýdan wajyp ähmiýete eýe bolýan elementleriň sany birden artdy we artyşy dowam edýär.

## 11.6. Maşyn gurluşygy

Maşyn gurluşygy häzirki zaman dünýä senagatynyň önümleriniň nyrhy we iş bilen meşgullanýanlaryň sany boýunça iň iri pudaklaryň biridir. Maşyn gurluşygynyň paýyna dünýäniň senagat önümleriniň gymmatynyň 35 göterimi düşýär, şol sanda ösen ýurtlarda – takmynan 40 göterimi, geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda – 20–25 göterimi, ösýän ýurtlarda – 15–20 göterime golaýy düşýär.

Maşyn gurluşygy dünýä senagatynyň iň çylşyrymly pudagy bolup durýar we metallary işläp taýýarlamak bilen 20-ä golaý iri pudaklary we 100-den gowrak ýöriteleşdirilen kiçi pudaklary, şeýle hem önümçilikleri öz içine alýar. Dünýäniň maşyn gurluşyk toplumy bäş sany uly pudaklara bölünýär:

1) metal önümleriniň önümçiligi we metal işläp bejermek;
2) umumy maşyn gurluşygy;
3) elektrotehnika we elektronika;
4) ulag maşyn gurluşygy;
5) abzal önümçiligi. Umumy maşyn gurluşygyň paýyna maşyn gurluşyk toplumynyň önümleriniň 30–35 göterimi, ulag maşyn gurluşygynyň – 33–35 göterimi, elektrotehnika we elektronikanyň 30–32 göterimi düşýär.

XX asyryň ikinji ýarymynda we XXI asyryň başynda dünýä maşyn gurluşyk toplumynda köne, adaty önümçilikleriň udel agramynyň öňkä görä azalmagynyň we täze, ylmy tutumly önümçilikleriň udel agramynyň artmagynyň meýlini görüp bolýar, ol ylmy-tehniki ösüşiň meýilleri bilen kesgitlenilýär. Häzirki zaman dünýä maşyn gurluşygynyň iň çalt ösýän pudagy elektron we elektrotehnika senagaty bolup durýar, umumy maşyn gurluşygynyň paýy bolsa pese düşýär. Ol oba hojalyk maşynlarynyň, dokma enjamlarynyň önümçiliginiň kemelmegi we başgalar bilen bagly. Şol bir wagtda ýol-gurluşyk maşynlarynyň çykarylyşy artdy, täze önümçilikler – edara enjamlary ýüze çykdy. Tutuş pudagyň düzüminde ulag maşyn gurluşygynyň paýy otnositel durnuklylygyny saklaýar, ýöne pudaklaryň şu toparynda görnüp duran özgerişler bolup geçýär: gämi gurluşygynyň, demir ýol otlularynyň, wagonlaryň, parowozlaryň paýy azalýar, ýöne bütinleý awtomobil gurluşygynyň paýy durnuklylygyny saklaýar.

Ylmy tehniki ösüş eýýamynda dünýä maşyngurluşygy has-da ylmy tutumly boldy. Ylmy tutumly önümçilikleriň toparyna elektrotehnika we elektron maşyn gurluşygy, awtomobil, awiasiýa we raketa-kosmos senagaty (köplenç bir pudaga – awiakosmiki

pudaga birleşdirilen) hem-de abzal önümçiligi girýär. Bu ýerde, maşyn gurluşygyň şu pudaklarynyň toparyndan ýokary tehnologiýaly önümçiligi tapawutlanýar. Ol, hususan-da, hereketlendirijiler we turbinalar, edara enjamlary we elektron-hasaplaýyş tehnikasy, elektrik geçiriji we paýlaýjy enjamlar, aragatnaşyk serişdeleri, elektron düzüjileri, awia ulag serişdeleri, raketa-kosmos tehnikasy, barlag-ölçeg we analitik abzallar, lukmançylyk gurallary hem-de abzallary we başgalar.

Umumy tendensiýa köp ugurly kärhanalardan çäkli ugurly kärhanalara geçmekden ybaratdyr. Häzirki zaman maşyn gurluşyk önümçiliginiň iň wajyp tapawutlandyryjy häsiýetleriniň biri onuň ýokary çeýeligi bolup durýar.

Häzirki zaman dünýä ykdysadyýetinde dört sany sebitleýin ykdysady merkezler emele geldi:

– Demirgazyk Amerika (dünýä maşyngurluşygynyň 1/3 gowragy), maşyngurluşyk önüminiň ähli nomenklaturasy diýen ýaly öndürilýär;
– Günbatar Ýewropa (1/3 golaý), esasan köpçülikleýin maşyngurluşyk önümi öndürilýär we käbir täze önümçilikler ýokary derejede ösen;
– Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýa, öňdäki hatary Ýaponiýa eýeleýär. Köpçülikleýin maşyngurluşyk önümleriniň iň ýokary tehnologiýaly önümleri bilen utgaşykly önümçilik (15%);
– Russiýa we käbir beýleki GDA ýurtlary, köpçülikleýin maşyngurluşyk önümlerini we käbir ýokary tehnologiki önümleri öndürmäge ýeterlik önümçilik mümkinçilikleri bar (6% töweregi).

Ulag maşyn gurluşygy maşyn gurluşygynyň iň wajyp pudaklarynyň biri bolup durýar. Häzirki wagtda onuň awiagurluşygy (harby uçarlar üçin islegiň pese düşmegi sebäpli), gämi gurluşygy (nebit guýulýan tehniki serişdeler üçin islegiň pese düşmegi sebäpli) ýaly bölümleriniň ähmiýeti pese düşdi.

Gämi gurluşygy «arzan nebitiň» eýýamy, supertankerlere bolan islegiň artan döwri bolan 60-njy ýyllarda – 70--nji ýyllaryň birinji ýarymynda tiz ösdi. Ýöne energetika çökgünliginiň we onuň netijesinde nebitiň deňizde daşamalarynyň birden azalan döwründe deňiz gämileriniň suwa çykmasy peseldi. Diňe 1990-njy ýyllarda dünýä gämi gurluşygynda önümçiligiň ösüşi täzeden başlandy.

Awtomobil gurluşygy XX asyryň ikinji ýarymynda diňe bir ösen ýurtlaryň däl-de, eýsem täze senagat taýdan ösen ýurtlaryň hem ykdysadyýetiniň özboluşly hereketlendirijisi boldy. XX asyrda dünýä ykdysadyýeti awtomobilizasiýanyň üç tolkunyny başdan

geçirdi: birinjisi – ABŞ-da (20-nji ýyllarda), ikinjisi – Günbatar Ýewropada we Ýaponiýada (50–60-njy ýyllarda) we üçünjisi – täze senagat ýurtlarynda we geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda (90–2000-nji ýyllarda). Pudak täze ýurtlary: Hytaýy, Hindistany, Günorta Koreýany, Malaýziýany, Braziliýany, Argentinany öz içine alyp, ýuwaş-ýuwaşdan giňeýär.

Awiasiýa we raketa-kosmos senagaty ilkibaşda harby häsiýetli pudak hökmünde emele geldi we diňe soň ol raýat uçarlarynyň çykarylmagyna geçdi. Şol bir ýagdaý raketa-kosmos senagatynda hem gaýtalanýar, ol heniz, esasan, harby-senagat toplumynyň pudagy bolup galýar. Ol raýatlar üçin önümleri ýasamaga ýaňy bir gadam urýar (aragatnaşyk hemralary, meteohemralar we başgalar). Awiasiýa we raketa-kosmos senagatynyň düzümi raketa gurluşygyny, kosmos enjamlarynyň önümçiligini, awiasiýa senagatyny, şol sanda awionikany – uçarlaryň elektron enjamlaryny, raketalar we hemralar üçin elektron enjamlaryň ulgamyny öz içine alýar. Pudagyň ýokary ylmy tutumlylygy onuň önümleriniň aýratyn çylşyrymlylygyndan gelip çykýar. Söweş we raýat awiasiýa, şeýle hem raketa-kosmos tehnikasynyň täze konstruksiýalarynyň işlenilip taýýarlanylmagy üçin 5-den 10 ýyla çenli wagt gerek bolýar. Şonuň üçin pudagyň önümleriniň konstruirlenmesi we täzeleriniň döredilmegi üçin çykdajylaryň derejesi has ýokary welin, oňa diňe käbir ösen ýurtlaryň köp bolmadyk firmalarynyň ýagdaýlary bar.

Häzirki wagtda uçarlary we dikuçarlary 20-ä golaý ýurt öndürýär. Olaryň arasynda öňdäki hatarlary ABŞ, Russiýa we Fransiýa, soňra Kanada, Beýik Britaniýa, Germaniýa, Ispaniýa eýeleýärler. Soňky wagtlarda awiagurluşyk käbir ösüp gelýän ýurtlarda (Hindistan, Pakistan, Braziliýa, Argentina) hem emele geldi.

Elektron senagatyny häzirki wagtda aşakdaky ýaly esasy önümçilik toparlary düzýär: kompýuter tehnikasy, elektron shemalarynyň element bazalary, kommunukasiýa enjamlary, audio we wideotehnika, barlag-ölçeg gurallary we dolandyryş ulgamlary. Pudagyň düzüminde iki sany iri bölümler tapawutlanýar: harby-senagat we durmuş elektronikasy. Harby-senagat elektronika pudagy ABŞ-da we Russiýada, az derejede Günbatar Ýewropada we Ýaponiýada ösýär. Durmuş elektronikasynyň esasy merkezleri Ýaponiýa, soňra Hytaý, Günorta Koreýa we Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary bolup durýar.

# 11.7. Ýeňil senagat

Ýeňil senagatynyň düzümine şu pudaklar girýär: dokma pudagy, tikinçilik pudagy, aýakgap pudagy, deri, sütük, bagana işläp bejerýän, zergärçilik, oýnawaç önümçiligi, farfor-faýans önümçiligi.

Dünýä senagat önümçiliginde ýeňil senagatynyň udel agramy uzak ýyllaryň dowamynda öz durnuklylygyny saklap geldi. 1950-nji ýylda bu pudagyň paýy 9% bolan bolsa, 1960-njy ýylda 10%-e, 1970-nji ýylda 8,7%-e deň boldy, ýöne 2005 ýylda bu görkeziji 5%-e çenli aşak düşdi. Ýeňil senagatynyň ähmiýetiniň pese gaçmagyny häzirki zaman önümçilik pudaklarynyň we önümçilikleriň öňe gidýän ösüşi hem-de şol pudaklaryň önümleri bilen ösen ýurtlaryň sarp ediş bazarlarynyň dolulygy, ýokary tehnologik harytlara we dürli hyzmatlara islegiň artýanlygy bilen düşündirmek bolar. Muňa garamazdan ýeňil senagaty birnäçe ýurtlaryň ykdysadyýetinde uly orun eýeleýär. Häzirki günde ABŞ-da ýeňil senagatynyň JIÖ-däki paýy 4%-e golaý, Germaniýada – 6%, Italiýada – 12%, Hytaýda – 21%, Portugaliýada – 22%.

Ýeňil senagatynda önümçiligiň iki derejesini tapawutlandyrmak bolar. Birinji derejä taýýarlanylyşyna orta we pes hünärli işçi güýjüni talap edýän arzan bahaly köpçülikleýin sarp edilýän önümleriň önümçiligi degişli bolup durýar. Köpçülikleýin sarp edilýän önümleriň önümçiligi üçin, modanyň üýtgemegi bilen baglylykda assortimentiň täzelenip durmagy mahsusdyr. Şonuň ýaly pudaklarda esasy orny tehnologiýanyň derejesi däl-de, arzan zähmet eýeleýär. Hut şonuň üçin hem ýeňil senagatyň zähmeti köp talap edýän pudaklary ýokary derejeli tehnologiýaly ösen ýurtlardan arzan işçi güýji köp bolan ösüp gelýän ýurtlara göçýär. Mysal üçin, sport aýakgabynyň önümçiligi Günorta Koreýadan we Taýwandan ilki Indoneziýa, soňra Hytaýa, ondan soň Wýetnama, dünýäde işçi güýjüniň iň arzan ýeri bolan Bangladeşe göçdi. Şol ýurtlara oýnawaç, sport harytlary, zergärçilik önümleriniň, farfor we faýans gaplary ýaly önümleriň önümçilikleri hem göçdi. Ösen ýurtlardaky deri, sütükli önümleri adaty öndürijiler öz orunlaryny ösüp gelýän ýurtlara berýärler.

Önümçiligiň ikinji derejesine önümçiligiň ýokary hünärli işji güýji we has çylşyrymly tehnikany talap edýän: trikotaž, haly, sütükli we ýuwelir önümleriniň önümçiligi degişli bolup durýar.

Şol özgerişleriň netijesinde ýeňil senagatyň dünýä önümçiliginde ösen ýurtlaryň paýy pese gaçdy. Onuň tersine, ösüp gelýän ýurtlaryň paýy şol döwür bilen deňeşdirilende ýokarlandy. Uly artykmaçlygy Hytaý gazandy.

**Dokma senagaty.** Häzirki wagtda matanyň dürli görnüşleri öndürilýär: tebigy-nah, ýüň, ýüpek, zygyrdan edilen; garyşyk (himiki süýümleriň dürli görnüşleri bilen); trikotaž (esasan sintetiki süýmlerden). Dokma senagatynyň ösüş depgini 90-njy ýyllaryň başyna çenli ýokary derejede bolup, soňra peseldi. 90-njy ýyllarda matanyň ähli görnüşi boýunça dünýä önümçiligi bir ýylda 100–120 mlrd. kw.m-e deň bolupdyr. Käbir ösen ýurtlarda (Beýik Britaniýa, Fransiýa, Italiýa, Ýaponiýa) önümçilik kemelýän bolsa, GDA ýurtlarynda ol önümçilik çökdi. Aziýa ýurtlarynda (Hytaý, Hindistan, Günorta Koreýa, Tailand, Taýwan) bolsa dokma önümleriniň çalt ösüşi bolup geçýär. Bu täze industrial we ösüp gelýän ýurtlarda dokma önümçiliginiň arzan bahaly köpçülikleýin önümleri öndürýän görnüşi giňden ýaýran.

Şu günki günde dünýä dokma bazarynyň umumy göwrümi 450 mlrd. dollar bahalandyrylýar. Soňky ýyllarda bu bazaryň durnukly ösüş depgini bir ýylda 2–3%-e deň boldy.

Şeýlelikde, pudagyň çig mal bazasynda düýpli özgerişler bolup geçdi: tebigy süýümleriň paýy yzygiderli, gyşarnyksyz peseldi hem-de himiki süýümleriň, esasan sintetiki süýümleriň paýy ýokarlandy. Bu özgeriş 80-nji ýyllarda dünýä ilatynyň ösüşinden yza galýan pudagyň çig mal bazasynyň has-da giňelmegine mümkinçilik berdi.

**Tikin senagaty.** Ýeňil senagatyň bu pudagy hemme ýerde ösen. Ösen ýurtlarda tikinçilik senagatynyň çalt peselme prosesi bolup geçýär. Çünki ABŞ-da Levi Straus firmasy jinsi öndürmesini bes etdi, ol Hytaýa geçdi. Öňdebaryjy ýurtlaryň tikin senagaty köpçülikleýin tikmegi azaldyp, modaly ajaýyp önümleri öndürmäge ýöriteleşýär. Pudagyň çäginde «ýokary moda» (haute couture) emele geldi. «Ýokary modanyň» geýimleri el işiniň önümleri bolup, olar örän ýokary bahalardan satylýar. Ol önümlere islegiň azlygy sebäpli, «ýokary modanyň» özboluşly demokratiýalaşma meýli ösüp başlady. Modanyň esasy merkezleri Pariž, London, Rim we Milan. Tikinçilik senagatynda taýýar geýimleriň önümçiligi bilen bir hatarda dürli aksessuarlaryň (galstuklaryň, ellikleriň, saýawanlaryň) taýýarlanylyşy ösýär.

Ösen ýurtlarda tikinçilik önümlerini öýde öndürmek görnüşi ýaýraýar. Ol ösüp gelýän ýurtlaryň artykmaçlyklaryny (işçi güýjüniň arzanlygy, önümçilik jaýlaryna we enjamlaryna çykdaýjylaryň pesligi), sarp edijilere ýakyn bolmak we modanyň üýtgäp durmagyny çalt duýmak ýagdaýlary birleşdirmäge mümkinçilik berýär. Tikinçilik önümçiligi arzan işçi güýjüni gözläp, diňe bir Aziýa ýurtlaryna däl-de, eýsem Merkezi-Gündogar Ýewropa ýurtlaryna hem göçýär.

**Aýakgap senagaty.** Ösen ýurtlarda aýakgap önümçiligi, esasan iri, ýokary mehanizmleşdirilen kärhanalarda jemlenen. Ösüp gelýän ýurtlarda ownuk fabrik önümçiligi, hatda öýde ýe-

rine ýetirilýän önümçilikler hem bar. Ol önümçilik modanyň hem-de dünýä we içerki bazarda pudagyň önümine bolan islegiň üýtgäp durmagyna çalt we ýeňil uýgunlaşýar. Önümçiligiň ösüp gelýän ýurtlara geçmek meýli aýakgap pudagy üçin hem häsiýetlidir. Aýakgap önümçiligi soňky ýyllarda ABŞ-da, Ýaponiýada, Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň ählisinde diýen ýaly hem-de Merkezi-Gündogar Ýewropa we GDA ýurtlarynda ep-esli azaldy. Ösen ýurtlardan diňe Ispaniýa aýakgap senagatyny ösdürýär, Italiýa bolsa önümçiligiň ýetilen derejesini saklaýar. Şol bir wagtda Hytaý dünýäde iri aýakgap öndüriji ýurda öwrüldi, Hindistanda we Braziliýada aýakgap önümçiligi çalt ýokarlanýar. Modalary çykaryjy bolup öňküsi ýaly italýan firmalary çykyş edýärler.

## 11.8. Ulag we aragatnaşyk

Dünýä ulagynyň ösmeginde XX asyryň 60–70-nji ýyllarynda «ulag rewolýusiýasy» adyny alan ýokary tehnologiki ösüşiň kesgitleýji ähmiýeti bar. Onuň netijesi XXI asyryň başlarynda hem öz täsirini ýetirdi. Bolup geçen özgerişleriň düýp mazmuny tehnologiýany rasionallaşdyrmakda we arzanlatmakda edilen köpýyllyk tagallalaryň netijesinde bu pudakda ýokary hilli ösüşleriň gazanylmagyna getirenliginde jemlenýär.

Ulag ulgamyndaky häzirki zaman özgermeleriň esasynda daşalýan ýüküň düzümindäki ýörüte öňegidişlikler ýatyr. Ol ilerleme harydyň bahasyna hem öz täsirini ýetirdi. Irki industrial jemgyýetiniň (XIX asyryň aýagy – XX asyryň birinji ýarymy) şertlerinde, ýagny daşalýan ýüküň düzüminde arzan ýükler (kömür, magdan, bugdaý, agaç) agdyklyk edende we harydyň bahasynda ulag çykdajylarynyň paýy 30-40%-e ýetende ulag pudagynyň esasy meselesi daşamaga edilýän çykdajyny azaltmakdan ybarat boldy. Ol netijäni harytlar toplumyny (partiýasyny) ulaltmak hem-de ulag serişdeleriniň ýük göterijiligini artdyrmak ýoly bilen gazanyldy.

Ilki ösüşiň giçki industrial (XX asyryň üçünji çärýegi), soňra bolsa postindustrial etaplaryna geçilmegi ulag pudagynda has uly özgerişlere getirdi. Senagat önümçiliginiň ösüşine we diwersifikasiýasyna laýyklykda dünýäde esasy, ýagny general ýükleriň (taýýar senagat önümleriň, ýarymfabrikatlaryň) ähli öndürilýän harytlardaky tutýan paýy ýokarlanýardy. XX asyryň ortalaryndan başlap general ýükler halkara söwdasynda daşalýan ähli ýükleriň 25%-ni düzýärdi.

Şol bir wagtda ulag ulgamynyň islendik böleginde habar beriş ulgamynyň takyklygy, ygtybarlygy, ykjamlygy, howpsuzlygy, elýeterligi ýaly faktorlar uly ähmiýete eýe bolup başlady. Şol talaplara laýyklykda ýük daşamak just in tima (anyk möhletinde) prinsipi boýunça amala aşyrylmaly.

Ýük ýerlerini unifisirlemek, olary birnäçe standart birmeňzeş görnüşe jemlemek kynçylygyň çözgüdi bolup çykyş etdi. Şol maksat bilen konteýner, ýagny ulagyň dürli görnüşlerinde ýüki tarasyz (gapsyz) daşamak üçin niýetlenen standart gap döredildi. Ondan başgada treýlerler, paketler, poddonlar hem ulanylyp başlandy. Ol bolsa ýöriteleşdirilen ulag serişdelerini ulanmaga, ýükleýiş-düşüriş we ammar operasiýalaryny mehanizirlemäge mümkinçilik berdi.

Netijede, harydyň bahasynda ulag çykdajylarynyň paýy ortaça 5–10%-e çenli azaldy, ýükleri eltip bermek wagty gysgaldy we ýükleriň abatlyk ýagdaýy gowulandy. Köp ýagdaýlarda yklymlar arasynda general ýükleri daşamak ykdysady taýdan amatly boldy.

Konteýnerleşdirilen ýükler gymmaty boýunça dünýä söwdasynyň 80%-den gowragyny düzýär.

**Dünýä ulag ulgamynyň esasy parametrleri.** Ähli aragatnaşyk ýollary we ulag serişdeleri dünýä ulag ulgamyny emele getirýärler. Dünýä ulag ulgamyny häsiýetlendirmek üçin adatça üç sany esasy görkezijiler ulanylýar:

1) habar beriş ýollarynyň ulgamy;
2) ýük daşamak işi;
3) ýükleriň we ýolagçylaryň esasy akymy.

XXI asyryň başynda dünýäde her ýylda 100 mlrd. tonna golaý ýük hem-de takmynan 1 trln. ýolagçy daşalýar. Dünýä ulag ulgamyny 40 müň deňiz gämileri, 200 müň lokomotiwler, 700 mln. awtomobiller we 10 müňden gowrak ýolagçy we ulag uçarlary düzýär.

Ulag ulgamynyň ähli uzynlygy gatnaw ýollarynyň görnüşleri boýunça soňky onýyllyklarda umuman durnukly ýagdaýa geçip başlady. Ulag ulgamynda esasan mukdar taýdan däl-de hil taýdan üýtgeşmeler bolup geçýär. Ýagny demir ýollar elektrikleşdirilýär, gaty örtükli awtomobil ýollarynyň we uly diametrli turba geçirijileriň uzynlygy artýar.

Dünýä ýük dolanyşygynda deňiz transporty diýseň tapawutlanýar. Onuň paýy XX asyryň ikinji ýarymynda 52%-den 62%-e çenli artdy. Söwda floty esasanam «ulag rewolýusiýasy» döwründe çalt ösdi. 1961–1980-nji ýyllar aralygynda tonnaž 3,3 esse ýokarlandy.

Içerki suw transporty geçen asyryň ikinji ýarymynda kem-kemden özüniň ähmiýetini ýitirdi. Kontinental içre derýada daşamak has çalt ýetirmegi üpjün edýän awtomobil we demir ýol transportyna geçdiler.

Demir ýol transporty awtomobil ýoly bilen bäsdeşlik edýändigine garamazdan, özüniň käbir artykmaçlyklaryny saklaýar: demir ýollaryň

ýokary hyzmat ediş ukyplylygy, howa şertlerine bagly däldigi, daşamagyň özüne düşýän gymmatynyň pesligi. Soňky wagtlarda demir ýol ulgamy özüniň pozisiýasyny berkitdi. Konteýnerli daşamak düýpli ýokarlanýar, käbir ösen ýurtlarda daşaýyş tizligi 200 km/sag. geçýän ýokary tizlikli magistrallar döredildi.

Awtomobil transporty ýük dolanyşygy boýunça deňiz we demir ýol transportlaryndan soň üçünji orunda durýar. Ulagyň bu görnüşiniň käbir artykmaçlyklary bar: harydy «gapydan gapa» gaýtadan ýüklemezden daşamak mümkinçiligi, öz wagtynda çalt ýetirmek, ýüküň abatlygyny üpjün etmek. Awtomobil transportynyň ýetmezçilik taraplary hem bar. Olar: ýük daşamakda zähmeti we energiýany köp talap edýändigi, özüne düşýän gymmatyň has ýokarylygy, daşky gurşawy hapalamak derejesiniň ýokarylygy.

Dünýä ýük dolanyşygynyň esasy meýilleri. Ýük daşamak ýük dolanyşygy – daşalýan ýüki bellenen ýere (tonna-kilometr – t/km) köpeldilen görkezijide kesgitlenýär. Eger 1950-nji ýylda dünýä ýük dolanyşygy 7 trln. t/km töweregi bolan bolsa, onda 2003-nji ýylda ol görkeziji 50 trln. t/km-den geçdi. Ýük dolanyşygy boýunça ulagyň pudaklaýyn düzümi soňky onýyllyklarda uly özgermelere sezewar boldy.

Ýük daşamakda demir ýollarynyň we içerki suw ýollarynyň paýynyň peselip, deňiz we turbageçiriji ulaglarynyň paýynyň ýokarlanmagy ünsi çekýär. Bu ýagdaýy ýokarda agzalan sebäplerden başga-da, dünýä hojalygynda suwuk we gaz görnüşli ýangyjyň ähmiýetiniň ýokarlanmagy bilen baglylykda dünýä söwdasynyň çalt ösmegi bilen (daşamagyň 80%-e golaýy deňiz ýollar arkaly amala aşyrylýar) düşündirmek bolar.

**Halkara ýolagçy gatnawy.** XX asyryň ikinji ýarymynda daşary söwda, syýahatçylyk, ylmy, medeni we beýleki gatnaşyklaryň çuňlaşmagy ilatyň halkara hereketiniň birden ösmegine getirdi. Adam başyna düşýän halkara ýolagçy dolanyşygy (müň ýolagçy-kilometr hasabynda), Demirgazyk Amerikada 12,7, Günbatar Ýewropada – 8,2, Ýaponiýada – 6,0, Merkezi we Gündogar Yewropada – 2,5, Russiýada – 4,0 deň.

Dünýä ulagynyň ýolagçy dolanyşyk düzüminde şahsy ulanyşdaky ulaglaryň hasabyna esasy awtomobil ulagy agdyklyk edýär.

Howa ýollary bilen ýolagçy gatnatmagyň möçberi (sany) çalt ýokarlanýar, demir ýol bilen ýolagçy gatnatmagyň ýolagçy dolanyşygyndaky paýy bolsa peselýär.

**Telekommunikasiýa.** Telekommunikasion hyzmatlar öz içine dokumental, şäherara, halkara we ýerli telefon aragatnaşyk hyzmatlaryny, radioaragatnaşyk, radiohabarberiş, teleýaýlym, hemra arkaly aragatnaşygyny we öýjükli hyzmatlary alýar.

Soňky onýyllyklarda telekommunikasiýa pudagynda öýjükli aragatnaşygyň we Internetiň çalt ýaýramagy

12. Sargyt № 1094.

bilen baglylykda rewolýusion özgerişler bolup geçdi.

Telekommunikasiýa hyzmatlarynyň dünýä bazary XX asyryň 90-njy ýyllarynyň başynda kemala geldi. Geljekde bu pudagyň ösüş depgini ilki bilen öýjükli aragatnaşyk hyzmatlaryna islegiň artmagynyň we Internet ulgamynyň çalt ösmeginiň hasabyna ep-esli ýokarlandy. Dünýäde Internet ulgamyndan peýdalanyjylaryň sany 1991-nji ýylda 5 million bolan bolsa, 2003-nji ýylda ol görkeziji 620 milliona çenli ýokarlandy, yagny 12 ýylyň dowamynda 120 gezek artdy. Aragatnaşygyň adaty görnüşleriniň görkezijileri ösüşini dowam edýärler. Dünýäde stasionar telefonlaryň sany 1950-nji ýylda 51 million bolan bolsa 2003-nji ýylda 1,1 milliarda deň boldy.

Telekommunikasion hyzmatlarynyň täze görnüşleriniň ösüş depgininiň şeýle çalt ýokarlanmagynyň sebäbi dünýä ilatynyň umumy ýokarlanmagynda we onuň girdejileriniň artmagynda hem-de ylmy-tehniki progresiň güýçli ösmegindedir.

Aragatnaşygyň progressiw elektron görnüşleri adaty aragatnaşygy görnetin gysdylar. Faks arkaly ýazgy we grafiki şekilleri ugratmak ep-esli arzan düşýär we poçta aragatnaşygyna garanyňda birnäçe çalt amala aşyrylýar.

Dünýäde telekommunikasion ulgamynyň ösüşi gyradeň däldir.

Telekommunikasion hyzmatlaryň dünýä bazaryndaky umumy göwrümi 2004-nji ýylda 1 trillion dollara ýetdi. Geljekde onuň ösüşi Internet ulgamy_nyň we öýjükli aragatnaşygyň aýratyn yokary ösüş depgini bilen häsiýetlendirilýär. Eýýäm 2002-nji ýylda ykjam aragatnaşygyndan peýdalanyjylaryň sany 1,6 milliarda ýetdi, ýagny stasionar telefon ulanyjylaryň sanyndan birýarym esse köp. Bu pudak tarapyndan ykjam öýjükli telefonlaryň üsti bilen Internete girmek hyzmatynyň gerimi giňeýär.

2005−2010-njy ýyllarda dünýäde Internet ulgamyndan peýdalanýanlaryň sanynyň ortaça ýyllyk ösüş depgini 8%-e ýeter diýlip çaklanýar. Iň ýokary ösüş depgini Russiýada, Hytaýda, Hindistanda, Braziliýada garaşylýar.

## 11. 9. Hyzmat ediş sferasynyň beýleki pudaklary

Hyzmat ediş sferasy ýa-da üçünji sektor – işiň maddy däl sferasy. Häzirki wagtda hyzmatyň 160 görnüşi bolup, olar 5 sany esasy pudaga bölünýär:

1) söwda;
2) ulag we aragatnaşyk;
3) maliýe-kredit;
4) döwlet dolandyryş;
5) gaýry hyzmatlar (saglygy goraýyş, bilim, ylym, sungat, medeniýet, syýahatçylyk, ilata edilýän durmuş we kommunal hyzmatlar)

Hyzmat sferasynyň ösüşini ykdysady häsiýetli birnäçe faktorlar kesgitleýär. Ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagy bilen baglylykda olaryň çykdajylarynyň düzüminde hyzmatlara edilýän çykdajylaryň paýy ýokarlanýar. Has-da ýokary derejeli hyzmatlara (saglygy goraýyş, bilim, syýahatçylyk, maliýe hyzmatlary we operasiýalary) bolan isleg ýokary depginde ösýär. Işewürligiň ulag we aragatnaşyk hyzmatlaryna bolan adaty çykdajylarynyň üsti marketinge, mahabat, habar beriş we kompýuter hyzmatlaryna, ätiýaçlandyryşa edilýän çykdajylar bilen ýetirildi. Ösen ýurtlarda soňky döwürlerde hyzmat önümçiliginiň artmagynyň esasy sebäbi önümçilik isleginiň ýokarlanmagyndadyr.

Sosial hyzmatlaryň 60–80-nji ýyllardaky ýokary ösüş depgini has-da tapawutlanýar. Muňa garamazdan, soňky iki onýyllykda döwletiň düzgünleşdirmek rolunyň peselmegi we býujet çykdajylarynyň çäklendirilmegi sebäpli ol ösüş haýallady. Hyzmatyň bu toparynda ilatyň özgeleriň goldawyna we kömegine mätäç bolan (maýyplar, garrylar we ş.m.) toparyna edilýän hyzmatlar öňdebaryjylygy eýeleýär.

Beýleki birnäçe hyzmatlar ortaça depginde ösýär. Käbir ýurtlarda ulagyň we söwdanyň umumy hojalyk düzümindäki tutýan orny giňelmegini dowam etse, beýleki ýurtlarda ol durnuklylygyny saklaýar ýa-da peselýär.

Ýaşaýyş hyzmatlarynyň we köpçülikleýin iýmitleniş ulgamyndaky hyzmatlaryň göwrümi bellibir derejede haýal ösýär. Durmuşda ulanylýan tehnikanyň, çalt taýýarlanýan iýmit önümleriniň, durmuş himiýasynyň giň ýaýramagy we üznüksiz täzelenmegi hyzmatyň bazar mümkinçiliklerini ep-esli peseldýär.

XX asyryň soňky üçden bir böleginde we XXI asyryň başynda hyzmat sferasynyň ylmy tutumly pudaklarynyň – informasion, kompýuter we beýleki işewür we professional hyzmatlaryň ähmiýeti ýokarlanýar. Innowasion senagat pudaklary bilen birlikde olar ösen ýurtlaryň ykdysadyýetiniň çalt depginde ösýän bölegini düzýärler.

**Hyzmatlaryň halkara söwdasy.** Hyzmat sferasynyň ösüşiniň wajyp tarapy bolup onuň pudaklarynyň halkara ykdysady gatnaşyklary ulgamyna gatnaşmagy durýar. Hyzmat sektory üçin 90-njy ýyllarda dünýäniň köp ýurtlarynda geçirilen daşary ykdysady aragatnaşyklaryň liberalizasiýasy aýratyn ähmiýete eýe boldy.

Hyzmatlaryň dünýä eksporty 1970-nji ýylda 0,1 trln. dollar bolanlygyndan 2003-nji ýylda 14 trln. dollara çenli ösdi. Harytlaryň we hyzmatlaryň eksportynyň göwrüminde onuň paýy 20%-e

ýetdi. Şol bir wagtda onuň düzüm böleginde hem özgerişler bolup geçdi. Ulag hyzmatlarynyň paýy kem-kemden peselýär. Halkara syýahatçylyk hyzmatlarynyň paýynyň ösüşi dowam edýär. Ýöne häzirki wagtda esasy orny informasion, professional döwlet we hususy hyzmatlar (ätiýaçlandyryş, mahabat, auditorlyk we buhgalterlik işi, menejment we ş.m.) eýeleýärler.

Daşarky hyzmatlaryň bazarynda hem-de olaryň önümçiliginde agdyklyk ediji ýagdaýy ösen ýurtlar eýeleýär. Ösen ýurtlaryň paýyna 2000--nji ýylyň başyna hyzmatlaryň dünýä eksportynyň 79%-i we importyň 76%-i düşýärdi. Hyzmatlaryň söwdasynda öňdeligi ähli dünýä bazarynyň 20%-ni berýän ABŞ eýeleýär.

Ösen ýurtlaryň JIÖ-e söwdanyň paýy 1980-nji ýylda 16,9% bolan bolsa, 2003-nji ýylda 18,1%-e çenli, GDA ýurtlarynda – 16,1%-den 18,4%-e çenli artan bolsa, ösüp gelýän ýurtlarda we Merkezi Gündogar Ýewropa ýurtlarynda öňki ýagdaý saklanýar.

Ol ýa-da beýleki ýurtda lomaý we bölek-satuw söwdada işleýänleriň san gatnaşygy pudagyň ösüş derejesiniň esasy görkezijisi bolup durýar. Mysal üçin, ABŞ-da lomaý söwdada işleýänleriň, içerki söwdada işleýänleriň umumy sanyndaky paýy 25%-e, Germaniýada 33%-e deň. Bolek söwda, lomaý söwdadan tapawutlylykda territorial toplanmanyň we işiň merkezleşmesiniň görnetin pesligi, şeýle--de kärhanalaryň tehniki taýdan üpjünçiliginiň pes derejedeligi bilen häsiýetlenýär.

Söwda hyzmatlary bilen territoriýanyň dolulygyny we ilatyň üpjünligini görkezýän esasy görkezijileriň biri – bölek-satuw söwdada işleýänleriň sany (10 müň ýaşaýja düşýäni) bolup durýar. Bu görkeziji aýry ýurtlar üçin birmeňzeş däl. Ol bolsa söwdanyň tehniki taýdan üpjünliginiň dürli derejedeligi, dolanyşyk sferasynyň milli aýratynlygy, ilatyň däp-dessury we endikleri bilen düşündirilýär. Bölek-satuw söwdada işleýänleriň sany 10 müň ilata 2000-nji ýylyň başyna Fransiýada – 335 adam, Beýik Britaniýada – 380, Germaniýada – 383, ABŞ-da – 570, Ýaponiýada – 630-a deň boldy. Söwdanyň tehniki üpjünçilik derejesiniň ýokarlanmagy bilen görkeziji durnuklaşýar hatda peselýärem, ýöne ilata edilýän hakyky hyzmatyň mukdary peselmeýär, gaýtam onda ösüş meýli saklanýar.

Ösen ýurtlarda söwdada işleýänleriň sany, düzgün bolşy ýaly, absolýut we otnositel ýokarlanýar. Beýik Britaniýa, Ispaniýa, Şweýsariýa, Ýaponiýa, Kanada, Günorta Koreýa, Meksika ýaly ýurtlarda söwdada we jemgyýetçilik iýmitinde işleýänleriň paýy has ýokary. Sanalan ýurtlaryň her birinde ol görkeziji işleýänleriň umumy sanynda 20%-den geçýär. Russiýada ol görkeziji 17% töweregini düzýär. Ösen ýurtlarda söwdada we jemgyýetçilik iýmitinde şeýle ýokary meşgullyk, ilatyň jan başyna düşýän JIÖ-niň

ýokary derejesi we degişlilikde haryda, esasanam, hyzmata bolan islegiň ýokarylygy, şeýle-de bölek-satuw söwdada köne ownuk täjirçilik düzgüniniň saklanyp galanlygy bilen düşündirilýär. Ösüp gelýän ýurtlarda bolsa esasy sebäbi daýhanlaryň bir böleginiň söwda sferasyna geçmegidir.

**Halkara syýahatçylyk.** Syýahatçylyk dünýä ykdysadyýetiniň has çalt ösýän pudaklarynyň biridir. XXI asyryň başynda bütindünýä hyzmatlarynyň söwdasynda halkara syýahatçylygyň paýyna 30–35% düşýär. 2003-nji ýylda dünýäde 694 million gelen syýahatçylar (1970-nji ý. – 160 mln., 1990-njy ý. – 420 mln.) bellige alyndy. Halkara syýahatçylykdan gelen umumy girdeji 470 milliard dollara ýetdi. Has giňden ýaýran ekskursiýa we sagaldyş syýahatçylykdan başga-da, syýahatçylygyň ylmy (syýahatçylaryň umumy sanynyň 7%-i) we işewür (7%) görnüşleri hem uly gerime eýe boldy.

XXI asyrda syýahatçylygyň dünýä bazarynyň göwrüminiň artmagyna ýardam beren kesgitleýji ykdysady faktorlara, ilatyň durmuş derejesiniň we hiliniň ýokarlanmagy, ösen ýurtlarda işli ilatyň boş wagtlarynyň we maddy üpjün pensionerleriň sanynyň artmagy, elýeterli ulag infrastrukturasynyň döremegi, informasion tehnologiýanyň we habar beriş serişdeleriniň ösmegi degişli bolup durýar.

Kabul edýän ýurtlarda halkara syýahatçylyk 100 milliondan gowrak adamy iş bilen üpjün edýär. Köp ýurtlarda (esasanam Fransiýada, Ispaniýada, ABŞ-da, Italiýada, Türkiýede, Müsürde) syýahatçylyk ykdysadyýetiň möhüm pudagy bolup durýar. Fransiýada we Daniýada syýahatçylyk harytlaryň we hyzmatlaryň eksportynyň 12%-ne golaýyny berýär, Italiýada we Sweýsariýada – 20%-den gowrak, Ispaniýada we Awstriýada bolsa – 35%. Halkara syýahatçylyk industriýasy walýuta girdejileriniň durnukly çeşmesi bolup durýar, işsizligiň derejesini peseltmek bilen, täze iş ýerlerini döredýär, milli ykdysadyýetiň baglanyşykly pudaklaryny ösdürýär we ş.m. Halkara syýahatçylygynda ýöriteleşýän köp ýurtlar, häzirki zaman syýahatçylyk merkezlerini ösdürmäge iri inwestisiýalary çekýärler.

# III BÖLÜM
# DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINIŇ SUBÝEKTLERI WE MEHANIZMI

## XII BAP
## DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINIŇ SUBÝEKTLERI WE MEHANIZMI

### 12.1. Dünýä ykdysadyýetiniň subýektleri

Dünýä hojalygy dört subýektden milli ykdysadyýetlerden, transmilli kompaniýalardan (TMK), integrasiýalardan, halkara ykdysady guramalardan (HYG) ybaratdyr. Subýektleriň dünýä hojalygyndaky ähmiýeti, olaryň biri-biri bilen arabaglanyşygy hemişe üýtgäp durýar. Şonuň üçin dünýä hojalygynyň mehanizmi geljekde häzirkisinden hem düýpli tapawutlanar.

Milli ykdysadyýetler dünýä hojalygynyň esasy subýektidir. Halkara ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi bilen daşarky basyşyň güýçlenýändigine garamazdan, ýurtlar territoriýasynda özbaşdaklygyny saklap galýarlar. Haryt, hyzmat, kapital, aň, işçi güýji daşary bazarlarda hemişe milli öwüşginini, milli gelip çykyşyny saklaýar.

Milli ykdysadyýetleriň dünýä hojalygyndaky ähmiýeti barha peselýär. Integrasiýalaryň, transmillileşmegiň, liberallaşmagyň netijesinde beýleki subýektleriň, ýagny TMK-laryň, integrasiýalaryň, HYG-laryň ähmiýeti barha ýokarlanýar. Mysal üçin, ÝS-iň gelen netijesini integrasiýa girýän ýurtlaryň hemmesi ýerine ýetirmelidir. ÝS-de milli hökümetleriň alyp barýan syýasaty, özgertmeleri bu integrasiýanyň umumy düzgünlerine gabat gelmelidir. Getirilen mysala laýyklykda ÝS-e girýän ýurtlar we olaryň hökümetleri milli

özbaşdaklygyny (suwerinitet) bellibir derejede ýitirdiler.

Kiçi we orta ululykdaky döwletler daşary ýurtly TMK-laryň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, milli ykdysadyýeti dolandyrmakdaky gurallaryny barha azaldýarlar. Daşary ýurtly hojalyk birliginiň milli ykdysadyýetdäki erkin hereketini üpjün etmek üçin köp sanly ýeňillikler döredilýär. Bu ýeňillikler umumy ykdysadyýet üçin amatly bolsa-da ýerli telekeçiliklere oňaýsyz ýagdaýy döredýär. Netijede, käbir döwletlerde ýerli maýadan daşary ýurt maýasy agdyklyk edip başlaýar. Meselem, Angliýanyň ähli maddy önümçiliginiň 70%-e golaýy daşary yurt maýadarlarynyň elindedir.

TMK-laryň täsiri aýratyn-da kiçi we orta ululykdaky ykdysadyýetlerde has güýçli duýulýar. Iri ykdysadyýetler özüniň möçberi, diwersifikasiýalaşan derejesi, ýerli kompaniýalaryň bäsleşige ukyplylygy bilen daşary ýurtly hojalyk birliginiň täsirini aradan aýyrýar. Emma ösen ykdysadyýetlerde integrasiýalaryň we halkara ykdysady guramalaryň täsiri barha güýçlenýär. Mysal üçin, ÝS-e girýän ýurtlar bellibir derejede özbaşdaklygyny ýitirdiler.

Iri halkara guramalaryň meselem, Bütindünýä söwda guramasynyň (BSG), Halkara pul gaznasynyň (HPG) milli ykdysadyýetlere täsiri barha ýokarlanýar. Aýratyn-da ösüp gelýän ýurtlaryň halkara maliýe kömeklerine baglylygy artýar. BSG bolsa öz düzgünlerine laýyklykda ýurtlaryň daşary söwda syýasatyny has-da ýeňilleşdirmäge borçlandyrýar. Öndürilýän harytlarda haýsy döwletde öndürilenligini görkezýän belgi harydyň milli öwüşginini saklasa-da, milli ykdysadyýetler dünýä hojalygynyň beýleki subýektleriniň işjeňleşmegi netijesinde öz ornuny barha gowşadýar.

## 12.2. DÜNÝÄ HOJALYGYNYŇ MEHANIZMLERI WE ONUŇ GURALLARY BARADA DÜŞÜNJE

Dünýä ykdysadyýeti öz-özünden guralýan, deňagramly bolmadyk çylşyrymly ulgamdyr. Ykdysady gatnaşyklar hemişe üýtgemäge meýilli hem bolsa, deňagramly bolmaga ýykgyn edýär. Global deňagramlylyk ilki bilen içerki deňagramlylyga esaslanýar.

Dünýäniň hojalyk mehanizmi umumy görnüşde ykdysady gatnaşyklary sazlaşdyrmak, öndüriji güýçleri guramak, önümleri öndürmek, paýlamak, alyş-çalyş, sarp etmek we ykdysady ösüşi üpjün etmegiň guramaçylyk-hukuk esasy bolup çykyş edýär.

Hojalyk mehanizminiň esasy wezipesi eýeçiligiň dürli görnüşindäki öndüriji güýçleriň özara baglanyşygyny üpjün etmekdir.

Dünýä hojalygynyň islendik sosial-ykdysady birliginiň mehanizmi belli bir jemgyýetçilik wezipeleri ýerine ýetirýär.

– Dünýä we milli ykdysadyýetiň hojalyk mehanizminiň esasy wezipesi önümçilikde emele gelýän goşmaça gymmaty eýeçiligiň görnüşine görä ýerleşdirmekdir. Eýeçilik maýa goýum hereketiniň netijesinde ýüze çykyp, pudak içre we pudagara bäsleşigiň netijesinde goşmaça gymmaty artdyrýar. Eýeçilik häzirki wagta çenli dünýä hojalygynyň goşmaça düzümi däl-de, doly peýdalanylmadyk düzüm bölegidir.
– Hojalyk mehanizminiň wajyp wezipesine dünýä önümçiliginiň deňeçerligini sazlamak degişlidir. Dünýä önümçiliginiň ösüşi hiç wagtda gyradeň bolmandy. Olar hemişe bir-birine garşylykly ugur boýunça üýtgeýärler.
– Öndüriji güýçler bilen önümçilik gatnaşyklarynyň arasyndaky garşylykly ösüş derejesini öwrenmek hojalyk mehanizminiň wezipeleriniň biridir. Önümçilik gatnaşyklary öndüriji güýçleriň ösüşine düýpli täsir edýär. Eger-de öndüriji güýçler ösmese, önümçilik gatnaşyklary hem ösmezdi. Öndüriji güýçleriň ösmegi öz gezeginde önümçilik gatnaşyklaryň ösmegine getirýär. Bu ýagdaý bir wagtda däl-de, tebigy, düýpli gapma-garşylyk esasda bolup geçýär. Öz gezeginde önümçilik gatnaşyklary hem öndüriji güýçleriň ösmegine höweslendiriji şertleri döredýär.

Dünýä hojalyk organizminiň esasy hereketlendiriji güýji bolup hemişe ösýän dünýä bazary çykyş edýär. Dünýä bazary içerki, daşarky we halkara bazarlary özünde jemleýär.

Içerki bazardaky hojalyk amallar ýerli rezidentler toparyndan alnyp barylýar. Içerki bazarda ýüze çykýan päsgelçilikler döwlet häkimiýetiniň ýerli ýerine ýetiriji edaralary tarapyndan sazlanylýar.

Daşarky bazar milli bazaryň bir bölegi bolup, hojalyk amallary ýerli we daşary yurt rezidentleri tarapyndan alnyp barylýar. Bu amallar milli amallara örän meňzeşdir. Tapawutly ýeri amala gatnaşýan taraplaryň biri daşary ýurtlydyr.

Halkara bazary milli bazardan tapawutlanýar. Halkara bazaryna çykmak üçin milli serhedi kesip geçmelidir. Halkara bazarynda dürli ýurtlaryň ýuridiki we şahsy taraplary özlerine hyzmatdaş gözleýärler. Ol hyzmatdaş-

lyga haryt, hyzmat, walýuta we beýleki amallar degişlidir.

Halkara bazarynyň esasy bölegi bäsleşikdir. Halkara bäsleşikde üstün çykmagyň esasy ýoly ylmy-tehniki täzelikleri, resurslary, tehnologiýalary, işçi güýjüni, maliýe serişdelerini netijeli ulanmak arkaly gazanylýar. Halkara bäsleşikde bir tarap ýitgi çekse, beýleki tarap utuş gazanýar. Bäsleşikde yza galmazlyk üçin bäsleşige ukyply bolmagy wezipe edip goýýar. Bu wezipäni çözmek üçin alnyp barylýan işler bazar ykdysadyýetiniň hereketlendiriji güýji hasaplanýar.

Dünýä hojalyk mehanizminiň gurallaryna baha emele gelme ulgamy, göterim derejesi we walýuta kursy degişlidir. Baha emele gelmek ulgamy, başgaça aýdylanda, dünýä bahalarydyr. Dünýä bahasy aşakdaky esasy meseleleri çözmäge mümkinçilik berýär:

– ol ýa-da beýleki harydyň dünýa bazaryndaky bahalaryny deňeşdirmäge;
– önümçiligiň eksporta gönükdirilmegini höweslendirmäge.

Şeýle ýagdaýda baha emele gelme ulgamy diňe bir önümçiligi we alyş-çalşy sazlaşdyryjy bolman, jemgyýetçilik önümçiligini dünýä derejesinde deňeçerligi saklamagyna şert döredýär.

Dünýä bazarynda köp sanly bahalar hereket edýär. Dünýä bahasy munuň özi çig mallara we önümçilik tehnologiýasynyň bellibir derejesini geçen ýarym fabrikatlara, haýsy hem bolsa bir döwlet ýa-da söwda biržasy arkaly bellenýän kesgitli bellibir bahadyr. Dünýä bahasynyň beýleki erkin bahalardan tapawudy şundadyr, ýagny erkin bahalary bazar kesgitleýän bolsa, dünýä bahasyny söwda biržasy ýa-da döwlet tarapyndan kesgitlenilýär.

Dünýä bazarynda dünýä bahasynyň emele gelmeginde halkara gymmaty ýatýar. Gymmat munuň özi haryda siňdirilen jemgyýetçilik zähmetidir. Halkara gymmat bolsa, gymmatyň halkara derejesinde ýüze çykmasydyr. Munuň özi halkara gymmatynyň emele gelmeginde anyk bir milli hojalykda döreýän gymmat durýar diýilmegini aňladýar.

Anyk bir harydy öndürmek üçin dürli hojalykda dürli gymmat emele gelýär. Anyk bir harydy öndürmek üçin gymmatyň şeýle köp dürli bolmagyna birnäçe ýagdaýlar täsir edýär. Ol ýagdaýlar aşakdakylardan ybaratdyr. Önümçilige ylmy-tehniki progresiň ornaşdyrylyş derejesi, tebigy baýlyklar, zähmet öndürijiligi. Bu ýagdaýlar biri-biri bilen berk baglanyşykly bolup, olaryň hersi gymmata täsir edýär.

Aýry-aýry hojalyklarda anyk bir önümiň bir birligini öndürmek üçin harçlanylan zähmetiň derejesi birmeňzeş däldir. Sebäbi her bir ýurduň özüne mahsus bolan zähmet öndürijiligi bolýar. Munuň özi şol bir önümi öndürmek üçin zerur bolan iş wagtynyň dürli-dürli bolmagyna getirýär. Her ýurtda şol bir önümi öndürmek üçin dürli zähmet öndürijiligi, dürli iş wagty

şol bir önümiň dürli ýurtda dürli gymmata eýe bolmagyna getirýär. Munuň özi bize aýry-aýry ýurtlarda şol bir görnüşli önüm öndürmek üçin zerur bolan jemgyýetçilik zähmetiniň derejesini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Önüm öndürmek üçin zerur bolan jemgyýetçilik zähmeti bize milli gymmaty kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Diýmek, şol bir görnüşli önüm öndürmek üçin, dürli ýurtlarda dürli gymmat hereket edýär. Mysal üçin, Germaniýada 1 tonna kömrüň özüne düşýän bahasy 160 ýewro bolsa, bu görkeziji Awstraliýada 26 ýewro durýar. Emma önümçiligiň barha halkaralaşýan häzirki şertlerinde gymmat hem halkara düşünjesine eýe boldy. Ýagny, bir ýurtdaky hereket edýän gymmat, halkara derejesinde zerur bolan jemgyýetçilik zähmeti hökmünde ykrar edilýär. Mysal üçin, ABŞ-nyň ekerançylykda, maldarçylykda, awtomobil, uçar, himiýa senagatlaryndaky zähmet öndürijiligi, wagt birligi boýunça ählumumy ykrar edilendir. Häzirki wagtda ABŞ-nyň ýokarda ady agzalyp geçilen pudaklarynyň zähmet öndürijiligi 100 göterim hasaplanyp, beýleki ýurtlaryňky oňa deňeşdirilýär.

Dürli ýurtlardaky dürli gymmat dünýä bazarynda alyş-çalyş edilen mahaly deňeşdirilýär. Has dogrusy, sarp edilen jemgyýetçilik zähmetiniň derejesi deňeşdirilýär. Bularyň içinde bolsa ortaça zähmet öndürijiligi saýlanylyp alynýar. Ine, şu ýerdenem dünýä bazarynda haryt alyş-çalşy bolan ýagdaýynda milli gymmatyň däl-de, halkara gymmatynyň durýandygy gelip çykýar.

Şu ýerde bir zada üns bermeli. Halkara gymmaty sarp edilen zähmet we wagt boýunça kesgitlenilýär. Ony bolsa harçlanyşy boýunça 3 topara bölmek bolar.

1. Zähmetiň we wagtyň harçlanylyşynyň ýokary derejesi.
2. Zähmetiň we wagtyň harçlanylyşynyň ortaça derejesi.
3. Zähmetiň we wagtyň harçlanylyşynyň pes derejesi.

Dünýä bazarynda bu derejeleriň içinde ortaça dereje halkara gymmaty hökmünde ykrar edilýär. Munuň sebäbini aşakdaky mysal arkaly düşündirmek bolar.

Häzirki wagtda Yrakda we Saud Arabystanynda täze açylan guýularda nebitiň 1 tonnasynyň özüne düşýän bahasy 2 dollara deň. OPEK ýurtlary we Russiýada nebitiň 1 tonnasy 12 dollara düşýär. Angliýada bolsa nebitiň 1 tonnasynyň özüne düşýäň bahasy 55 dollara barabar. (Angliýa nebiti Demirgazyk deňzinden çykarýar). Bu görkezijileriň içinde halkara gymmaty hökmünde 12 dollar diýip hasaplanylýar. Sebäbi ikinji derejä degişli ýurtlar dünýä bazarynda has köp nebiti eksport edýärler. Ikinjiden bolsa, bu gymmat beýleki nebiti eksport etmän, ony öz içerki islegini kanagatlandyrmak üçin çykarýan ýurtlar üçin hem kabul ederliklidir. Olar öz çykdajylaryny ortaça derejä deňleşdirmäge çalyşýarlar. Emma birinji derejedäki çykdajylar

bolsa köp ýurtlar üçin kabul ederlikli däldir. Sebäbi arap ýurtlary bu ýerde özleriniň tebigy artykmaçlyklaryndan peýdalanýarlar. Wagtyň geçmegi bilen täze guýulardaky nebit gorlary barha aşaklaýar we onuň gymmaty hem ortaça derejä ýakynlaşýar.

Diýmek, halkara gymmaty milli hojalyklarda emele gelýän gymmatlyklaryň ortaça derejesidir.

Häzirki zaman dünýä bazaryna bahalaryň köp görnüşliligi mahsusdyr. Dünýä bazarynda bahalaryň köp görnüşiniň hereket etmegine birnäçe faktorlar täsir edýär. Ol faktorlara monopoliýalaryň baha syýasaty, döwletiň daşary söwda amallary, özara kömek bermek boýunça amallar, syýasy söwda amallary we walýuta bilen baglanyşykly amallar degişlidir.

Köpdürli bahalar diýip nähili bahalara düşünmeli? Munuň özi – bir görnüşli, birmeňzeş harytlaryň, ulagyň bir görnüşi bilen, import edilendäki bahalaryna düşünilýär.

Häzirki zaman şertlerinde bahalaryň aşakdaky derejeleri kesgitlenilýär.

1. Adaty täjirçilik amallarynyň bahalary.
   Bu bahalar hem iki görnüşde tölenilýär:
   a) erkin konwertirlenýän walýutada.
   b) konwertirlenmeýän ýa-da çäkli konwertirlenýän walýutada.
2. Kliring ylalaşyklarynyň bahalary.
3. Kömek bermek üçin goýulýan bahalar.

Bu bahalaryň içinde dünýä bahasyny kesgitlemek üçin aşakdaky talaplary öwrenmeli.

*Birinjiden,* dünýä bahasy iri we yzygiderli alnyp barylýan söwda amallarynyň bahalarydyr. Tötänleýin ýa-da wagtlaýynça ýüze çykan amallaryň bahasy dünýä bahasy bolup bilmeýär. Şol sanda garşylyklaýyn we barter amallarynyň bahasy dünýä bahasyna degişli däldir.

*Ikinjiden,* töleg hökmany suratda erkin konwertirlenýän walýutada bolmaly. Töleg çäkli ýa-da konwertirlenmeýän walýutada tölense, onda bahalar ýokary galdyrylýar.

*Üçünjiden,* dünýä bahalary iri söwda merkezlerinde amala aşyrylýan eksport ýa-da import bahalary bolmalydyr.

Milli hojalygyň çäklerinde göterim örän uly ähmiýete eýedir. Göterimiň derejesiniň peselmegi kapitalyň ýurduň daşyna çykmagyna getirýär. Netijede, ýurtda kapital ýetmezçiligi ýüze çykýar. Kapitalyň çekilişini höweslendirmek maksady bilen, göterim derejesiniň has ýokarlandyrylmagy öz gezeginde bank karzlaryna goýulýan göterimiň has ösmegine getirýär. Munuň özi karza bolan islegiň pese düşmegine getirýär. Netijede, önümçiligiň, sarp edişiň depgini gowşaýar.

Dünýä hojalygynyň mehanizm gurallarynyň biri hem walýuta kursudyr. Walýuta kursy munuň özi bir

walýutanyň beýleki bir walýuta bolan gatnaşygydyr. Walýuta kursy kapitalyň halkara hereketine düýpli täsir edýär. Milli walýutanyň hümmetiniň gowşamagy telekeçilik kapitalynyň milli hojalyga çekilişini güýçlendirýär. Tersine, milli walýutanyň hümmetiniň ýokarlanmagy telekeçilik kapitalynyň milli ykdysadyýete gelmegini bökdeýär.

## 12.3. Dünýä ykdysady düzgüni

Dünýä ykdysady düzümi halkara işiniň islendik sferasynda döwlet we döwlete degişli däl edaralar tarapyndan kesgitlenen, şertleri takyk görkezilen, özara kabul edijilikli normalaryň jemidir. Dünýä ykdysady düzgüni aşakda görkezilen halklara sazlaşdyryjy düzümleri özüne birleşdirýär:

– halkara walýuta ulgamy;
– bütindünýä söwda ulgamy;
– salgyt salmagyň halkara ýörelgeleri;
– halkara kazyýet.

Bu düzümleriň esasy zwenosy bolup Halkata pul gaznasy (HPG), Bütindünýä banky (BB) we Bütindünýä söwda guramasy (BSG) çykyş edýär.

Walýutalary alyş-satyş etmek bilen baglanyşykly durnukly gatnaşyklaryň emele gelmegi we olaryň hukuk tarapyndan berkidilmegi, taryhda ilki milli, soň dünýä walýuta ulgamynyň emele gelmegine getirdi. Şonuň üçin walýuta ulgamyna iki tarapdan seretmek bolar: birinjiden, döwletleriň arasynda ykdysady gatnaşyklaryň çuňlaşmagynyň emele gelmegi obýektiw hakykatdyr; beýleki tarapdan, hukuk düzgünleri, institutlar, halkara ylalaşyklar esasynda bu obýektiw hakykata berkidilýär. Şonuň üçin, maksada gönükdirilen iş hökmünde walýuta ulgamyny döretmek hökmandyr.

Ýokarky aýdylanlara esaslanyp, walýuta ulgamyny walýutalaryň hereket etmegi, görnüşi we olaryň guralyşy bilen baglanyşykly ykdysady gatnaşyklaryň jemi hökmünde kesgitlemek bolar.

Milli hem-de dünýä walýuta ulgamy biri-biri bilen baglanyşykly elementlerden we garaşlylykdan durýar. Onuň esasy bolup walýuta durýar: milli ulgamda, milli walýuta; dünýä derejesinde halkara töleg ätiýaçlyk serişdesiniň, şeýle hem hasap walýuta birliginiň işini ýerine ýetirýän ätiýaçlyk walýutalar hereket edýär.

Bir döwletiň milli walýutasy beýleki döwletiň walýutasyna kanunçylykda esaslandyrylan gatnaşykda amala aşyrylýar.

**Halkara pul gaznasy we Bütindünýä banky.** Bu guramalaryň ikisi hem dünýä ykdysadyýetiniň ösüşini çaklamakdan, ösüp gelýän ýurtlara dürli maslahatlary we karz serişdelerini bermekden ybaratdyr. Ýöne olaryň berýän maslahatlary we karzlary köp halatlarda ýerine düşüp barmaýar. Çünki HPG-niň we BB-niň bilermenleri köplenç amerikan modeline meňzeş ösüş ýoluny teklip edýärler. Bu ýol bolsa hemme hojalyklar üçin kabul ederlikli diýip bolmaz. Şol bir wagtyň özünde bu guramalaryň berýän karz serişdeleriniň köplenç halatda syýasatlaşdyrylýandygy hem aýdylýar. Mysal üçin, HPG-niň aktiwleriniň 50 göterimi diňe ABŞ-a, galan bölegi bolsa Günbataryň ösen ýurtlaryna degişlidir. Şonuň ücin bu ýurtlar HPG we BB öz täsirini ýetirip bilýärler.

**BSG.** Bütindünýä söwda guramasynyň halkara söwdasyny ösdürmekdäki ähmiýeti örän ýokarydyr. BSG-niň döredilmeginiň esasy maksady halkara ykdysady gatnaşyklary ýeňilleşdirmekden, erkinleşdirmekden we sazlaşdyrmakdan ybaratdyr. Daşary söwdany ýeňilleşdirmek ilki bilen taýýn harytlaryň söwdasyndan başlandy. Soňra hyzmat, maýa akymlary erkinleşdirildi. Häzirki wagtda bolsa halkara gatnaşyklarynyň täze bir görnüşi bolan işçi güýjüniň halkara hereketini öz içine aldy.

Daşary söwdany ýeňilleşdirmek işi gümrük paçlaryny düzgünleşdirmegiň we ony peseltmegiň üstünden geçýär. Gümrük paçlaryny halkara derejesinde düzgünleşdirmegiň taryhy 1947-nji ýyldan başlanýar. Şol ýyl 23 döwletiň gatnaşmagynda «söwda we tarifler barada Baş ylalaşyk» atly pakta gol çekilýär (iňlisçe GAAT). Bu ylalaşyga gatnaşýan döwletleriň sany barha artyp, 1986-njy ýylda oňa agza bolan döwletleriň sany 125-e ýetdi. Bu döwür içinde ösen ýurtlar içerki bazarlaryny daşary ýurduň senagat harytlaryndan goramak üçin 40% gümrük pajyny 6,3%-e çenli peseltdiler. 2000-nji ýylda bolsa onuň möçberi 3,8%-e getirildi.

1996-njy ýylda «söwda we tarifler barada Baş ylalaşyk» paktyna girýän ýurtlar täze Bütindünýä söwda guramasyny (BSG) döretdiler. BSG «söwda we tarifler barada Baş ylalaşyk» paktynyň gös-göni mirasdüşeridir. Bu guramanyň häzirki wagtdaky agzasy 134 sany döwlet bolup, 30-a golaý ýurt oňa girmäge isleg bildirýär. Dünýä söwdasynyň 90 göterime golaýy bu guramanyň agzalarynyň arasynda amala aşyrylýar. BSG häzirki wagtda oba hojalyk önümlerine goýulýan gümrük paçlaryny peseltmek ugrunda tutanýerli iş alyp barýar. Şeýle hem agza döwletleriň import edýän harytlarynyň 90 göterimini gümrük salgydyndan boşatmak baradaky meselä garaýar. Şeýle-de, 1997-nji ýylyň dekabr aýynda maliýe hyzmatlaryny ýeňilleşdirmek barada ylalaşyk baglaşyldy.

BSG-niň aşakdaky şertlerini ýerine ýetirmek hökmandyr:

1. Ösüp gelýän ýurtlar ösen ýurtlaryň önümlerine kwota goýmalydyr.
2. Söwda bloklary mysal üçin, Ýewropa Bileleşigi bu bloga girmeýän ýurtlara ýeňilliklere ýol bermeýär.
3. Ykdysadyýeti kynçylygy başdan geçirýän ýurt tarif ýeňilligini etmäge borçlanmaýar.
4. Taraplar tarifler baradaky ylalaşyga gol çekişmän, hereket edýän düzgün boýunça ylalaşýarlar.
5. Döwletler dürli çekişmeler ýüze çykan ýagdaýda BSG-niň kanunlaryna ýüz tutmalydyr.
6. Söwda çekişmeleri harby, syýasy dartgynlyklarda ýüze çykyp bilýär diýlip hasap edilýär.

Bütindünýä söwda guramasy halkara söwdasyna gözegçilik ediji gurama hökmünde-de çykyş edýär, ýagny söwdada ýüze çykýan arz-şikaýatlara hem seredýär. Arz-şikaýata serediliş tertibi şeýledir. Şikaýatçy öz arzyny subut etmelidir. Beýleki döwletler bolsa düzgüni bozujydan talap bildirýärler. Eger-de bildirilýän talap ýerine ýetirilmese, onda oňa dürli ykdysady taýdan bökdençlikleri görkezýärler.

Halkara kazyýeti halkara gatnaşyklarda ýüze çykýan dürli näsazlyklara, çekişmelere, gapma-garşylyklara seredýär. Onuň maksady dünýä giňişliginde alnyp barylýan ykdysady gatnaşyklaryň adalatly, kanunalaýyk bolmagyny gazanmakdan ybaratdyr. Halkara kazyýetiniň gelen netijesi gutarnyklydyr we gaýtadan seredilmäge degişli däldir.

# XIII BAP
# MILLI YKDYSADYÝETLER DÜNÝÄ HOJALYGYNYŇ DÜZÜM BÖLEGIDIR

## 13.1. Milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygyndaky ornunyň görkezijileri

Her bir ykdysadyýetiň dünýä hojalygyndaky tutýan orny birmeňzeş däldir. Ýurduň ykdysadyýetiniň ösüş derejesi, onuň dünýädäki tutýan ornuny kesgitleýär. Ykdysadyýetiň möçberi jemi önüm bilen kesgitlenilýär. Jemi önüm 2 görkezijiden: jemi içerki önümden (JIÖ) we jemi milli önüm-

den (JMÖ) ybarat. JIÖ bellibir wagtyň dowamynda öndürilen harytlaryň we hyzmatlaryň ahyrky bahalarynyň jemidir. JMÖ hem şol bir ululyk bolup, oňa jemi önümiň düzümindäki daşary yurt maýasyna degişli bölegi goşulmaýar. Ähli ýurtlaryň JIÖ-leriniň jemi dünýäniň jemi önümini (DJÖ) emele getirýär.

BMG, BB, HPG, BSG adatça, ýurtlara JIÖ hasaplamagy maslahat berýär. ABŞ, Angliýa, Ýaponiýa ýaly göni maýany köp ýerlere çykarýan ýurtlar JMÖ hasaplaýarlar. Göni maýany iri çykarýan ýurtlaryň JMÖ-i, JIÖ-den ýokarydyr. Ösüp gelýän ýurtlaryň JIÖ-i, JMÖ-den ýokarydyr.

DJÖ-i barha ösýär. Bu artyş esasan hem ösüp gelýän ýurtlaryň hasabyna bolup geçýär. Ösen döwletleriň JIÖ-niň artyşy durnuklylaşan hem bolsa, olaryň DJÖ-däki paýy ýokarydyr. Aşakda getirilen tablisa arkaly döwletleriň JIÖ-niň möçberine seredip geçeliň:

Getirilen tablisadan görnüşi ýaly, birinji onluga girýän ýurtlarda DJÖ-niň 70%-e golaýy öndürilýär. Döwletiň dünýä hojalygyndaky ornuny kesgitlemek üçin, ol ýurduň JIÖ-sini DJÖ-sine bölüp, 100%-e köpeltmeli. Ony aşakdaky formula salalyň.

(JIÖ:DJÖ)*100%; Mysal üçin,

14 256 300 : 58 228 178 = 24,48

Diýmek, ABŞ-nyň JIÖ-i DJÖ-niň 24,48%-ini tutýar.

JIÖ-i ýurduň dünýä hojalygyndaky tutýan ornuny açyp görkezmekde ýeterlik ygtybarly görkeziji diýip hasap edip bolmaz. Çünki bir ýurtda JIÖ-niň möçberi uly, ýöne ýaşaýan adamlaryň sany hem köp we tersine, beýleki ýurduň JIÖ-niň möçberi we adamlarynyň sany-da az bolup biler. Şonuň üçin JIÖ-niň jan başyna düşüşi diýen görkezijini ulanmak has ygtybarly hasaplanylýar. Ol görkezijini hasaplamak üçin JIÖ-ni ýurtda ýaşaýan adamlaryň sanyna bölmeli. Ony aşakdaky formula arkaly aňladalyň. JIÖ a.b.d.= JIÖ: Is Bu ýerde Is – ilatyň sany.

Bu görkeziji boýunça hasaplanymyzda ýurtlar öz orunlaryny üýtgedýärler. Onuň şeýledigine göz ýetirmek üçin aşakdaky tablisa seredeliň:

Milli ykdysadyýete baha beriş ölçegleriniň biri hem jemi milli girdejidir. Jemi milli girdeji ýurt boýunça täze döredilen gymmatlykdyr. Jemi milli girdeji, jemi içerki önümiň adam başyna düşüşi diýlip atlandyrylýan görkezijiler ýurduň sosial-ykdysady ösüşini, halkyň durmuş derejesini kesgitlemekde örän möhüm baha beriş ölçegi bolup çykyş edýär. Umuman, bu görkezijiler näçe ýokary bolsa, ilatyň durmuş-medeni ýagdaýy hem ýokary we tersine, näçe kiçi bolsa, ilatyň durmuş-medeni ýagdaýy hem pes diýlip hasap edilýär.

Emma bu görkezijini hem ýeterlik ygtybarly diýip hasap edip bolmaz. Sebäbi işlemeýän adamlaryň sany bir ýurtda köp, beýleki ýurtda az bolup biler. Şonuň üçin ýurduň dünýä hojalygyndaky ornuny has doly beýan edýän görkeziji bolup zähmet öndü-

*9-njy tablisa*

**Döwletler we territoriýalar boýunça
JIÖ-niň jan başyna düşüşi (müň dollarda)**

| Orny | Ýurtlar | ABŞ dollarynda |
|---|---|---|
| 1 | Şweýsariýa | 36230 |
| 2 | Lýuksemburg | 35260 |
| 3 | Ýaponiýa | 28220 |
| 4 | Şwesiýa | 26780 |
| 5 | Daniýa | 25930 |
| 6 | Norwegiýa | 25800 |
| 7 | Islandiýa | 23860 |
| 8 | ABŞ | 23120 |
| 9 | Germaniýa | 23030 |
| 10 | Finlýandiýa | 22980 |
| 11 | Fransiýa | 22300 |
| 12 | BAE | 22220 |
| 18 | Angliýa | 17760 |
| 23 | Ysraýyl | 13230 |
| 93 | Türkmenistan | 1270 |
| 149 | Täjigistan | 480 |
| 151 | Pakistan | 410 |
| 157 | Owganystan | 390 |
| 159 | Hytaý | 380 |
| 168 | Hindistan | 310 |

Çeşmesi: World Economik Outlook. IMF October 2014.

rijiligi çykyş edýär. Zähmet öndürijiligi – munuň özi bellibir wagtyň dowamynda öndürilen önümdir. Zähmet öndürijiligi näçe ýokary bolsa ýurduň ykdysadyýetiniň, onuň DJÖ-däki paýynyň ýokary bolmagyna getirýär. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak ylmy-tehniki progrese daýanmak arkaly çözülýär. Häzirki wagtda zähmet öndürijiliginiň ýokary derejesi ylmy-tehniki progresiň durmuşa çalt ornaşýan ýerleri bolan ösen ýurtlarda hasaba alnandyr.

Ýurtlaryň zähmet öndürijiligini deňeşdirmek üçin haýsy hem bolsa bir ýurduň görkezijisine salgylanmak zerurdyr. Häzirki wagtda ABŞ-nyň ähli pudaklarynyň zähmet öndürijiligi

100% diýlip hasaplanylýar we dünýä ýurtlarynyňky bilen deňeşdirilýär. Käbir döwletleriň bellibir pudaklaryndaky zähmet öndürijiligi ABŞ-dan öňe geçdi. Mysal üçin, Fransiýanyň, Ýaponiýanyň awtomobil pudagynyň zähmet öndürijiligi 104% hasaplanylýar. Munuň özi ady görkezilen ýurtlaryň bu pudakdaky öndürijiliginiň ABŞ-dan 4% öňe geçendigini aňladýar.

## 13.2. Satyn alyjylyk paritet

Ýokarda getirilen görkezijiler ýurduň ykdysadyýetiniň dünýä hojalygyndaky paýyny doly açyp görkezmeýär. Onuň birnäçe sebäpleri bardyr. BMG-niň düzgünlerine laýyklykda dünýä boýunça pul bilen hasaplanylýan görkezijiler diňe bir walýutada, ýagny amerikan dollarynda aňladylýar. Ikinjiden, ähli ýurtlaryň walýutalarynyň bir-birine bolan gatnaşygy ýa-da walýuta kursy birmeňzeş däldir. Üçünjiden, dünýä ýurtlarynda harytlaryň we hyzmatlaryň bahasy deň bolmaýar. Ýokarda getirilen sebäpleri göz öňünde tutup, Bütindünýä banky başga bir görkezijini ulanýar. Ol görkezijä satyn alyjylyk paritet (SAP) diýlip at berilýär. Satyn alyjylyk paritet milli walýutanyň satyn alyp bilijilik ukybynyň derejesini görkezýär. Satyn alyjylyk paritet kesgitlenende, köplenç, halatda milli walýuta bilen amerikan dollarynyň satyn alyp bilijilik ukyby deňeşdirilýär.

Milli walýutalaryň alyş-çalyş kursy bilen satyn alyjylyk paritet tapawutlydyr. Satyn alyjylyk paritet hasaplaşyk amallarynda däl-de, ýurduň dünýä hojalygyndaky ýagdaýyna seljerme bermek maksady bilen ulanylýar. Satyn alyjylyk paritet boýunça JIÖ, JIÖ-niň jan başyna düşüşi ýaly görkezijiler hasaplananda döwletleriň arasynda uly tapawut emele gelýär. Oňa göz ýetirmek üçin 10-njy tablisany getireliň.

10-njy tablisadan görnüşi ýaly, JIÖ-niň jan başyna düşüşi dollarda we milli walýutanyň SAP boýunça hasaplanyňda döwletleriň öz ornuny düýpli üýtgedýändigini görmek bolýar.

Walýuta kursy içerki we halkara söwda amallarynda islegiň we teklibiň esasynda emele gelýär. Satyn alyjylyk paritet kesgitlenilende sarp ediş sebedi ulanylýar. BMG-niň ýurtlaryň jemi içerki önüminiň göwrümini kesgitlemäge we deňeşdirmäge gönükdirilen halkara Maksatnamasynyň çäklerinde sarp ediş sebedine 3200 sany harytlar we hyzmatlar girizilýär. Sarp ediş sebedine girizilen harytlaryň we hyzmatlaryň jemi bahasy milli walýutada hasaplanylýar. Milli walýutada

*10-njy tablisa*

**JIÖ-niň adam başyna düşüşi**
**(Satyn alyjylyk paritet boýunça)**

| Döwletleriň dünýädäki orny | Döwletler | JIÖ-niň jan başyna düşüşi (SAP boýunça) | Senesi |
|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** |
| 1 | Katar | 145 300$ | 2010 |
| 2 | Lihtenşteýn | 122 100$ | 2007 |
| 3 | Lýuksemburg | 81 800$ | 2010 |
| 4 | Bermudlar | 69 900$ | 2004 |
| 5 | Singapur | 62 200$ | 2010 |
| 6 | Norwegiýa | 59 100$ | 2010 |
| 7 | Jersi | 57 000$ | 2005 |
| 8 | Kuweýt | 51 700$ | 2010 |
| 9 | Bruneý | 50 300$ | 2010 |
| 10 | Amerikanyň Birleşen Ştatlary | 47 400$ | 2010 |
| 11 | Sýangan (Gonkong) | 45 600$ | 2010 |
| 12 | Andorra | 44 900$ | 2008 |
| 13 | Gernsi | 44 600$ | 2005 |
| 14 | Kaýmanlar adalary | 43 800$ | 2004 |
| 15 | Şweýsariýa | 42 900$ | 2010 |
| 16 | San-Marino | 41 900$ | 2007 |
| 17 | Awstraliýa | 41 300$ | 2010 |
| 18 | Niderlandlar | 40 500$ | 2010 |
| 19 | Bahreýn | 40 400$ | 2010 |
| 20 | Awstriýa | 40 300$ | 2010 |
| 21 | Birleşen Arap Emirlikleri | 40 200$ | 2010 |
| 22 | Kanada | 39 600$ | 2010 |
| 23 | Şwesiýa | 39 000$ | 2010 |
| 24 | Britaniýanyň Wirjin adalary | 38 500$ | 2004 |
| 25 | Gibraltar | 38 400$ | 2006 |
| 26 | Islandiýa | 38 400$ | 2010 |
| 27 | Belgiýa | 37 900$ | 2010 |
| 28 | Ekwatorial Gwineýa | 37 900$ | 2010 |
| 29 | Irlandiýa | 37 600$ | 2010 |

*10-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 30 | Daniýa | 37 000$ | 2010 |
| 31 | Germaniýa | 35 900$ | 2010 |
| 32 | Grenlandiýa | 35 900$ | 2007 |
| 33 | Folklend adalary | 35 400$ | 2002 |
| 34 | Finlýandiýa | 35 300$ | 2010 |
| 35 | Beýik Britaniýa | 35 100$ | 2010 |
| 36 | Taýwan | 35 100$ | 2010 |
| 37 | Men adasy | 35 000$ | 2005 |
| 38 | Ýaponiýa | 34 200$ | 2010 |
| 39 | Farer adalary | 34 000$ | 2008 |
| 40 | Fransiýa | 33 300$ | 2010 |
| 41 | Makao | 33 000$ | 2009 |
| 42 | Ýewropa Soýuzy (umumy) | 32 900$ | 2010 |
| 43 | Italiýa | 30 700$ | 2010 |
| 44 | Gresiýa | 30 200$ | 2010 |
| 45 | Günorta Koreýa | 30 200$ | 2010 |
| 46 | Monako | 30 000$ | 2006 |
| 47 | Ysraýyl | 29 500$ | 2010 |
| 48 | Ispaniýa | 29 500$ | 2010 |
| 49 | Bagam adalary | 28 600$ | 2010 |
| 50 | Sloweniýa | 28 400$ | 2010 |
| 51 | Täze Zelandiýa | 28 000$ | 2010 |
| 52 | Oman | 25 800$ | 2010 |
| 53 | Çeh Respublikasy | 25 600$ | 2010 |
| 54 | Malta | 25 100$ | 2010 |
| 55 | Saud Arabystany | 24 200$ | 2010 |
| 56 | Portugaliýa | 23 000$ | 2010 |
| 57 | Slowakiýa | 22 200$ | 2010 |
| 58 | Trinidad we Tobago | 22 100$ | 2010 |
| 59 | Aruba | 21 800$ | 2004 |
| 60 | Barbados | 21 700$ | 2010 |
| 61 | Seýşel adalary | 21 600$ | 2010 |
| 62 | Kipr | 21 000$ | 2010 |
| 63 | Estoniýa | 19 000$ | 2010 |

*10-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 64 | Wengriýa | 19 000$ | 2010 |
| 65 | Polşa | 18 800$ | 2010 |
| 66 | Fransuz Polineziýasy | 18 000$ | 2004 |
| 67 | Horwatiýa | 17 500$ | 2010 |
| 68 | Antigua we Barbuda | 16 500$ | 2010 |
| 69 | Puerto-Rika | 16 300$ | 2010 |
| 70 | Litwa | 15 900$ | 2010 |
| 71 | Russiýa Federasiýasy | 15 900$ | 2010 |
| 72 | Çili | 15 500$ | 2010 |
| 73 | Zint Marten | 15 400$ | 2008 |
| 74 | Täze Kaledoniýa | 15 000$ | 2003 |
| 75 | Kýurasao | 14 970$ | 2004 |
| 76 | Argentina | 14 700$ | 2010 |
| 77 | Malaýziýa | 14 700$ | 2010 |
| 78 | Gabon | 14 600$ | 2010 |
| 79 | Latwiýa | 14 500$ | 2010 |
| 80 | Wirjin adalary | 14 500$ | 2004 |
| 81 | Sent-Kitts we Newis | 14 400$ | 2010 |
| 82 | Liwan | 14 200$ | 2010 |
| 83 | Liwiýa | 13 800$ | 2010 |
| 84 | Meksika | 13 800$ | 2010 |
| 85 | Urugwaý | 13 600$ | 2010 |
| 86 | Mawrikiý | 13 500$ | 2010 |
| 87 | Belarus | 13 400$ | 2010 |
| 88 | Botswana | 13 100$ | 2010 |
| 89 | Bolgariýa | 12 800$ | 2010 |
| 90 | Panama | 12 700$ | 2010 |
| 91 | Wenesuela | 12 600$ | 2010 |
| 92 | Gazagystan | 12 500$ | 2010 |
| 93 | Demirgazyk Marian adalary | 12 500$ | 2000 |
| 94 | Türkiýe | 12 300$ | 2010 |
| 95 | Rumyniýa | 11 500$ | 2010 |
| 96 | Terks we Kaýkos adalary | 11 500$ | 2002 |
| 97 | Kosta-Rika | 11 400$ | 2010 |

*10-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 98 | Eýran Yslam Respublikasy | 11 200$ | 2010 |
| 99 | Dünýä boýunça ortaça: | 11 100$ | 2010 |
| 100 | Sent-Lýusiýa | 11 100$ | 2010 |
| 101 | Azerbaýjan | 11 000$ | 2010 |
| 102 | Serbiýa | 11 000$ | 2010 |
| 103 | Braziliýa | 10 900$ | 2010 |
| 104 | Günorta Afrika | 10 700$ | 2010 |
| 105 | Sent-Winsent we Grenadiny | 10 600$ | 2010 |
| 106 | Dominikan Respublikasy | 10 500$ | 2010 |
| 107 | Grenada | 10 500$ | 2010 |
| 108 | Kuba | 9 900$ | 2010 |
| 109 | Çernogoriýa | 9 900$ | 2010 |
| 110 | Surinam | 9 900$ | 2010 |
| 111 | Kolumbiýa | 9 800$ | 2010 |
| 112 | Tunis | 9 500$ | 2010 |
| 113 | Makedoniýa | 9 400$ | 2010 |
| 114 | Peru | 9 200$ | 2010 |
| 115 | Kuka adasy | 9 100$ | 2005 |
| 116 | Angola | 8 700$ | 2010 |
| 117 | Tailand | 8 700$ | 2010 |
| 118 | Dominikan Respublikasy | 8 600$ | 2010 |
| 119 | Beliz | 8 400$ | 2010 |
| 120 | Ýamaýka | 8 400$ | 2010 |
| 121 | Palau | 8 100$ | 2008 |
| 122 | Albaniýa | 8 000$ | 2010 |
| 123 | Amerikan Samoasy | 8 000$ | 2007 |
| 124 | Ekwador | 7 800$ | 2010 |
| 125 | Alžir | 7 400$ | 2010 |
| 126 | Hytaý | 7 400$ | 2010 |
| 127 | Türkmenistan | 7 400$ | 2010 |
| 128 | Salwador | 7 300$ | 2010 |
| 129 | Sen-Pýer we Mikelon | 7 000$ | 2001 |
| 130 | Namibiýa | 6 900$ | 2010 |
| 131 | Gaýana | 6 800$ | 2010 |

*10-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 132 | Ukraina | 6 700$ | 2010 |
| 133 | Bosniýa we Gersegowina | 6 600$ | 2010 |
| 134 | Tonga | 6 300$ | 2010 |
| 135 | Müsür | 6 200$ | 2010 |
| 136 | Kiribati | 6 200$ | 2010 |
| 137 | Ermenistan | 5 800$ | 2010 |
| 138 | Niue | 5 800$ | 2003 |
| 139 | Wanuatu | 5 500$ | 2010 |
| 140 | Iordaniýa | 5 300$ | 2010 |
| 141 | Gwatemala | 5 200$ | 2010 |
| 142 | Samoa | 5 200$ | 2010 |
| 143 | Butan | 5 000$ | 2010 |
| 144 | Nauru | 5 000$ | 2005 |
| 145 | Maýotta | 4 900$ | 2005 |
| 146 | Marokko | 4 900$ | 2010 |
| 147 | Şri-Lanka | 4 900$ | 2010 |
| 148 | Paragwaý | 4 900$ | 2010 |
| 149 | Boliwiýa | 4 800$ | 2010 |
| 150 | Siriýa | 4 800$ | 2010 |
| 151 | Jorjiýa | 4 800$ | 2010 |
| 152 | Maldiwler adasy | 4 500$ | 2010 |
| 153 | Swazilend | 4 500$ | 2010 |
| 154 | Fiji | 4 300$ | 2010 |
| 155 | Indoneziýa | 4 300$ | 2010 |
| 156 | Kongo Respublikasy | 4 200$ | 2010 |
| 157 | Gonduras | 4 200$ | 2010 |
| 158 | Uollis we Futuna | 3 800$ | 2004 |
| 159 | Kabo-Werde | 3 700$ | 2010 |
| 160 | Yrak | 3 600$ | 2010 |
| 161 | Filippinler | 3 500$ | 2010 |
| 162 | Hindistan | 3 400$ | 2010 |
| 163 | Montserrat | 3 400$ | 2002 |
| 164 | Mongoliýa | 3 300$ | 2010 |
| 165 | Özbegistan | 3 100$ | 2010 |

*10-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 166 | Wýetnam | 3 100$ | 2010 |
| 167 | Nikaragua | 2 900$ | 2010 |
| 168 | Iordan derýasynyň günbatar kenary | 2 900$ | 2008 |
| 169 | Jibuti | 2 800$ | 2010 |
| 170 | Süleýman adalary | 2 800$ | 2010 |
| 171 | Timor-Leste | 2 600$ | 2010. |
| 172 | Ýemen | 2 600$ | 2010 |
| 173 | Kosowo | 2 500$ | 2007 |
| 174 | Günbatar Sahara | 2 500$ | 2007 |
| 175 | Papua-Täze Gwineýa | 2 500$ | 2010 |
| 176 | Mukaddes Ýelena adasy | 2 500$ | 1998 |
| 177 | Moldowa | 2 500$ | 2010 |
| 178 | Marşal adalary | 2 500$ | 2008 |
| 179 | Laos | 2 400$ | 2010 |
| 180 | Pakistan | 2 400$ | 2010 |
| 181 | Nigeriýa | 2 400$ | 2010 |
| 182 | Kamerun | 2 300$ | 2010 |
| 183 | Gyrgyzystan | 2 200$ | 2010 |
| 184 | Mikroneziýanyň Birleşen Ştatlary | 2 200$ | 2008 |
| 185 | Sudan | 2 200$ | 2010 |
| 186 | Mawritaniýa | 2 100$ | 2010 |
| 187 | Kamboja | 2 000$ | 2010 |
| 188 | Täjigistan | 2 000$ | 2010 |
| 189 | Gambiýa | 1 900$ | 2010 |
| 190 | Senegal | 1 900$ | 2010 |
| 191 | Çad | 1 800$ | 2010 |
| 192 | San-Tome we Prinsip | 1 800$ | 2010 |
| 193 | Kot-d, Iwuar | 1 800$ | 2010 |
| 194 | Demirgazyk Koreýa | 1 800$ | 2009 |
| 195 | Bangladeş | 1 700$ | 2010 |
| 196 | Lesoto | 1 700$ | 2010 |
| 197 | Benin | 1 600$ | 2010 |
| 198 | Tuwalu | 1 600$ | 2002 |
| 199 | Keniýa | 1 600$ | 2010 |

*10-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 200 | Gana | 1 600$ | 2010 |
| 201 | Tanzaniýa | 1 500$ | 2010 |
| 202 | Zambiýa | 1 500$ | 2010 |
| 203 | Burkino-Faso | 1 200$ | 2010 |
| 204 | Gaiti | 1 200$ | 2010 |
| 205 | Mali | 1 200$ | 2010 |
| 206 | Uganda | 1 200$ | 2010 |
| 207 | Nepal | 1 200$ | 2010 |
| 208 | Birma | 1 100$ | 2010 |
| 209 | Gwineýa-Bisau | 1 100$ | 2010 |
| 210 | Ruanda | 1 100$ | 2010 |
| 211 | Owganystan | 1 000$ | 2010 |
| 212 | Gwineýa | 1 000$ | 2010 |
| 213 | Efiopiýa | 1 000$ | 2010 |
| 214 | Tokelau | 1 000$ | 1993 |
| 215 | Komor adalary | 1 000$ | 2010 |
| 216 | Madagaskar | 1 000$ | 2010 |
| 217 | Mozambik | 1 000$ | 2010 |
| 218 | Malawi | 900$ | 2010 |
| 219 | Togo | 900$ | 2010 |
| 220 | Sýerra-Leon | 900$ | 2010 |
| 221 | Merkezi Afrika Respublikasy | 700$ | 2010 |
| 222 | Eritreýa | 700$ | 2010 |
| 223 | Niger | 700$ | 2010 |
| 224 | Somali | 600$ | 2010 |
| 225 | Liberiýa | 500$ | 2010 |
| 226 | Zimbabwe | 400$ | 2010 |
| 227 | Burundi | 300$ | 2010 |
| 228 | Kongo Demokratik Respublikasy | 300$ | 2010 |

(Çesmesi:Bütindünýä banky: Dünýä döwletleriniň 2010-njy ýyl boýunça JIÖ-niň adam başyna düşüşi (SAP boýunça) 2010-njy ýyl.

aňladylan sarp ediş sebedi ABŞ-nyň sarp ediş sebedi bilen deňeşdirilýär. Şeýle deňeşdirmäniň netijesinde milli walýutanyň satyn alyjylyk pariteti kesgitlenilýär.

Bu görkezijini kesgitlemegiň örän möhüm taraplary bardyr. Sebäbi ösüp gelýän we ykdysadyýeti geçiş häsiýetli ýurtlarda satyn alyjylyk paritet alyş-çalyş kursundan has ýokarydyr. Emma ösen ýurtlarda satyn alyjylyk paritet alyş-çalyş kursundan pesdir. (Diňe ABŞ-da satyn alyjylyk paritet alyş-çalyş kursy bilen gabat gelýär). Sebäbi ösen ýurtlarda ýokary zähmet öndürijilik mahsus bolup, zähmet haky hem ýokarydyr. Ösüp gelýän döwletlerde zähmet öndürijiligi pes bolup, zähmete tölenilýän hak ösen döwletler bilen deňeşdireniňde pesdir. Bu ýagdaýlar öz gezeginde öndürilýän harytlaryň we hyzmatlaryň bahasynda öz beýanyny tapýar. Netijede, ösen döwletlerde ilat ýokary zähmet hakyny almak bilen bir hatarda bahasy ýokary bolan harytlary we hyzmatlary satyn alýarlar. Ösüp gelýän döwletlerde ilat pes aýlyk hakyny almak bilen, bahasy arzan harytlary we hyzmatlary sarp edýärler.

Ýokardaky aýdylanlardan şeýle netije çykarmak bolar. Ýagny, ýurduň dünýä hojalygyndaky ornuny kesgitlemekde milli walýutanyň satyn alyjylyk paritetiniň örän uly ähmiýeti bardyr.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe durmuşa ornaşdyrylýan örän kämil özgertmeleriň netijesinde ýurdumyzyň jemi içerki önümi örän çalt depginler bilen ösýär. Jemi içerki önümimiziň çalt artmagy milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyndaky paýynyň ýokarlanmagyna getirýär. Şol bir wagtyň özünde hem jemi içerki önümiň jan başyna düşüşiniň we jemi milli girdejimiziň yzygiderli ýokarlanmagyny üpjün edýär. Häzirki wagtda ýurdumyz bu görkeziji boýunça ösen döwletleriň hataryna goşuldy.

Milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyndaky ornuny doly açyp görkezmekde milli manadymyzyň satyn alyjylyk paritetiniň ulanylmagy maksada laýykdyr. Jemi milli girdejimizi satyn alyjylyk paritet boýunça hasaplasak, onda biziň dünýä hojalygyndaky tutýan ornumyz öňküsinden hem has ýokarlanar. Häzirki wagtda ýurdumyzda harytlaryň we hyzmatlaryň bahasy elýeterli we durnukly ýagdaýda saklanylýar. Denominirlenen milli manadymyzyň hümmetsizlenmäge örän durnukly bolup çykmagy bize bahalary kadaly ýagdaýda saklamaga mümkinçilik berýär. Satyn alyjylyk paritetine milli walýutanyň hümmetsizlenmegi örän uly täsir edýär. Hümmetsizlenme gös-göni harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň ýokary galmagy bilen baglanyşyklydyr. Milli walýutamyzyň hümmetsizlenme derejesiniň bellenen çäklerde saklanmagy harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň bir durkunda saklanmagyny üpjün etdi. Bu bolsa öz gezeginde denominirlenen milli manadymyzyň satyn alyjylyk

paritetiniň ýokary derejesiniň saklanyp galýandygyny görkezýär.

Sarp ediş sebedine girizilen harytlaryň we hyzmatlaryň hemmesi barada aýratyn durup geçmek mümkin däl. Şonuň üçin olary umumylaşdyryp alalyň. Sarp ediş sebedine girizilen harytlaryň we hyzmatlaryň bellibir bölegi halkyň gündelik sarp edýän harytlary we hyzmatlarydyr. Şeýle hem birnäçe durmuş-medeni maksatly harytlar we hyzmatlar sarp ediş sebedine girizilýär. Olara ulag, aragatnaşyk, bilim, medisina, ýaşaýyş-jaý we bank hyzmatlary degişlidir. Häzirki wagtda halkymyzyň gündelik sarp edýän harytlarynyň we hyzmatlarynyň bahasy örän arzandyr ýa-da olar halka mugt berilýär. Mysal üçin, ýodlaşdyrylan duz, un, tebigy gaz, elektrik energiýasy, agyz suwunyň mugt berilmegi, saglygy goraýşy we bilimi döwletiň öz üstüne tölegsiz almagy, ipoteka karzlarynyň ýyllyk derejesiniň 1 göterime deň bolmagy, ulag we aragatnaşyk hyzmatlarynyň örän arzan bolmagy ýurdumyzda sarp ediş sebediniň umumy gymmatynyň örän pes bolmagyna getirýär. Şol bir wagtyň özünde halkymyzyň girdejileri çalt depginler bilen ösmegini dowam etdirýär.

Ýokardaky aýdylanlardan ugur alnanda, milli walýutamyzyň satyn alyjylyk paritetiniň örän ýokarydygyny görmek bolýar. Jemi içerki önümi, jemi içerki önümiň jan başyna düşüşini, jemi milli girdejimizi satyn alyjylyk paritet boýunça hasaplanymyzda, onuň derejesiniň örän ýokary, belkide dünýä boýunça iň ýokary görkeziji boljakdygyny görüp bolýar. Milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyndaky ornuny doly açyp görkezmek üçin şeýle hasaplamanyň çykarylmagy şu günki gün örän zerurdyr. Şeýle hasaplamanyň çykarylmagy bize mähriban Prezidentimiziň durmuşa ornaşdyrýan özgertmeleri netijesinde milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyndaky tutýan paýynyň nähili derejelere ýetendigini öz halkymyza we dünýä jemgyýetine ýene-de bir gezek äşgär etmekde dörän mümkinçilikleriň biri bolar.

## 13.3. Milli ykdysadyýetleriň açyklyk derejesi

Milli hojalyga baha beriş görkezijileriniň biri hem açyk ykdysadyýet diýen düşünjedir. Açyk ykdysadyýet – munuň özi milli hojalygyň pudaklarynyň köpüsinde daşary yurt hojalyk birlikleriniň ykdysady amallary erkin ýerine ýetirmegine, onuň üçin päsgelçiligiň döredilmezligine aýdylýar. Ýa-

pyk ykdysadyýet bolanda daşary yurt hojalyk birlikleriniň ýurduň pudaklaryna goýberilmezligine, ykdysady amallary erkin ýerine ýetirip bilmezligine aýdylýar. Häzirki wagtda käbir döwletler bolaýmasa, doly erkinleşdirilen, doly açyk ykdysadyýet ýok. Şonuň üçin ykdysadyýetleriň açyklyk derejesi biri-biri bilen deňeşdirilende açyk ýa-da ýapyk ykdysadyýet diýilýär. Mysal üçin, Angliýanyň ykdysadyýeti Hindistanyň ykdysadyýetine garanyňda açyklyk derejesi has ýokarydyr. Dünýäde ykdysadyýetiniň açyklyk derejesi has ýokary ýurt ABŞ-dyr.

Ýapyk ykdysadyýeti daşary gatnaşyklaryň ýagdaýy bilen hem kesgitläp bolýar. Proteksionizm liberalizmden (erkin, azat, ýeňil) has agdyklyk edýän bolsa, ol ýapyk ykdysadyýetdir. Dünýäde ýapyk ykdysadyýetli döwletler az sanlydyr. Milli ykdysadyýetleriň daşary gatnaşyklary näçe erkinleşdigiçe, ykdysady ösüşiň derejesi hem şonça ýokarlanýar. Garward uniwersitetiniň hünärmenleriniň 117 döwletde geçiren barlaglaryna görä, JIÖ-niň jan başyna düşüşiniň ösüşi çärýek asyryň dowamynda 0,7%-e deň bolupdyr. Açyk ykdysadyýetli ýurtlarda bolsa bu görkezijiniň ösüşi ýapyk ykdysadyýetlere garanyňda bäş esse ýokary bolupdyr. Şotland alymy Adam Smitiň XVIII asyryň ahyrlarynda öňe süren «Absolýut artykmaçlyklar», iňlis ykdysatçysy Dawid Rikardonyň XIX asyryň başlarynda «Deňeşdirme artykmaçlyklar» nazaryýetleri açyk ykdysadyýeti döretmek bilen baglanyşyklydyr. Umuman, dürli nazaryýetleriň netijesi, görnükli ykdysatçylar açyklyk derejesi ýokary bolan hojalygyň ýapyk ykdysadyýete garanyňda has ýokary ösüşe eýe we bäsleşige ukyply bolýandygyny nygtaýarlar.

Ykdysadyýetleriň açyklyk derejesi birnäçe görkezijileriň üsti arkaly kesgitlenilýär. Ol görkezijilere aşakdakylar degişlidir:

1. Eksport kwotasy – ýurduň eksportynyň JIÖ ýa-da JMÖ bolan gatnaşygy. Bu görkeziji aşakdaky formula bilen hasaplanylýar:

Ek = (Eý/JIÖ)*100%

ýa-da Ek = (Eý/JMÖ) – 100%

Bu ýerde Ek – eksport kwotasy,

Eý – ýurduň eksportynyň möçberi.

2. Eksportyň adam başyna düşüşi eksportyň möçberiniň ilatyň sanyna bolan gatnaşygydyr. Ol aşakdaky formula bilen aňladylýar.

Ea.b.d. = Eý/Is.

Bu ýerde Ea.b.d. – eksportyň adam başyna düşüşi,

Eý – ýurduň eksportynyň möçberi,

Is – ilatyň sany,

3. Dünýä eksportyndaky paýy – ýurduň eksportynyň dünýä eksportyna bolan gatnaşygy. Ol aşakdaky formula boýunça aňladylýar.

Ed.e.p. = (Eý/Ed)*100%

Bu ýerde Ed.e.p. – dünýä eksportyndaky paýy.

Eý – ýurduň eksportynyň möçberi,

Ed – dünýä eksportynyň möçberi.

Milli ykdysadyýetiň eksportynyň göwrümi, onuň JIÖ-däki möçberi, eksportyň adam başyna düşüşi, dünýä eksportyndaky paýy ýaly görkezijileri hasaplamak milli ykdysadyýetiň açyklyk derejesini kesgitlemekde möhüm ähmiýete eýedir. Çünki bu dörkeziji milli önümiň näçe göteriminiň daşary bazarlara ugradylýandygyny görkezýär.

Milli ykdysadyýetiň açyklyk derejesi kesgitlenilende ýurduň import kwotasy, importyň adam başyna düşüşi ýaly görkezijiler hem hasaplanylýar.

1. Import kwotasy – importyň JIÖ bolan gatnaşygy. Bu görkeziji aşakdaky formula bilen aňladylýar:

Ik = (Iý/JIÖ)*100%

Bu ýerde Ik-import kwota,

Iý – ýurduň importynyň möçberi.

2. Importyň adam başyna düşüşi – importyň ilatyň sanyna bolan gatnaşygy.

Başgaça I a.b.d.=Iý/Is.

Bu ýerde I a.b.d. – importyň jan başyna düşüşi.

Is – ilatyň sany.

3. Dünýä importyndaky paýy – ýurduň importynyň dünýä importyna bolan gatnaşygy. Ýagny, I d.p. = (Iý/Id)*100%

Bu ýerde I d.p. – importyň dünýädäki paýy.

Id – importyň dünýä möçberi.

Bu görkezijilerden başga-da ylmy köp talap edýän önümleriň senagatdaky we eksportdaky paýy hem hasaplanylýar. Ol görkezijiler aşakdaky formulalar arkaly hasaplanylýar.

1. Sp = (Ym/Sj)*100%.

Bu ýerde Sp – ylmy köp talap edýän önümiň senagatdaky paýy.

Ym – ylmy köp talap edýän önümiň möçberi.

S – senagat önümiň jemi möçberi.

2. Ep = (Ye.m./Eý)*100%.

Bu ýerde Ep – ylmy köp talap edýän önümiň eksportdaky paýy.

Y e.m. – ylym siňňitli önümiň eksportdaky möçberi.

Eý – ýurduň eksportynyň möçberi.

Ylym siňňitli önümiň senagatdaky we eksportdaky möçberi näçe ýokary bolsa, ösen ýurtlarda, tersine importda ylym siňňitli önümiň paýy ýokary bolsa, ösüp gelýän ýurda mahsus görkezijidir.

Ýokardaky getirilen görkezijilerden başga-da kapitalyň erkin hereketi, işçi güýjüniň halkara migrasiýasynyň ýagdaýy hem öwrenilýär. Kapitalyň eksportynyň we importynyň erkin hereketi üpjün edilýän bolsa, migrantlaryň uly akymy ýurda gelýän bolsa, onda bu görkezijiler hem açyk ykdysadyýetli ýurtlara mahsusdyr.

## 13.4. Milli ykdysadyýetleriň dünýä hojalygyna goşulyşma derejesi

Milli ykdysadyýetleriň açyklyk derejesini kesgitleýän görkezijileriň biri hem dünýä hojalygyna goşulyşma derejesidir. Goşulyşmanyň derejesini kesgitlemek üçin dünýä hojalygynyň esasy ugurlary kesgitlenilmelidir. Milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygyna goşulyşmagynyň bäş sany ugry bar. Olara daşary söwda, integrasiýalar, kapitalyň erkin halkara hereketi, halkara guramalar, halkara hasaplaşyklar degişlidir. Bu ugurlary aşakdaky shemanyň kömegi arkaly beýan edeliň.

Islendik milli ykdysadyýet daşary söwda bilen baglanyşyklydyr. Daşary söwdanyň, hususan-da eksportyň ösmegi durnukly şertlerde JIÖ-niň yzygiderli ösüşini üpjün edýär. Çünki eksport edilýän harytlar ilki milli ykdysadyýetde öndürilýär we soňra daşyna ugradylýar. Ýurtlaryň daşary söwdasynyň jemine dünýä söwdasy diýilýär. Dünýä söwdasynyň 80%-e golaýy 30-a golaý ösen döwletleriň paýyna düşýär.

Dünýä ykdysadyýetinde integrasiýalaryň ähmiýeti barha ýokarlanýar. Bu ýagdaý, ilkinji nobatda, bir sebitde ýerleşýän döwletler bilen özara söwdany ösdürmäge düşünilýär. Häzirki wagtda ol ýa-da beýleki integrasiýa gatnaşmaýan ýekeje döwlet hem ýok. Ýöne integrasiýa gatnaşmak bir başga, integrasiýanyň işjeň agzasy bolmak düýbünden başga. Käbir integrasiýalaryň (mysal üçin, Yslam Ösüş Guramasy ýa-da EKO) döredileli bäri göz öňünde tutulan meýillere ýetmek başardanok. Munuň sebäbi agza döwletler dürli ýagdaýlara görä özara söwdany ösdürmäge işjeň gatnaşmaýarlar.

Türkmenistan häzirki wagtda iki sany integrasiýanyň, ýagny EKO-nyň we GDA-nyň agzasydyr. 2005-nji ýylda Türkmenistan GDA assorsirlenen agza bolup gatnaşjakdygyny mälim etdi. Munuň özi ýurdumyzyň GDA döwletleri bilen gatnaşygynyň gowşamagyna getirdi. 2007-nji ýyldan başlap

*4-nji shema*



Türkmenistan GDA-nyň iň işjeň agzalarynyň birine öwrüldi. GDA girýän ýurtlaryň döwlet baştutanlarynyň 2012-nji ýylda Aşgabatda duşuşmagy, Türkmenistanyň arkalaşygyň işine ýolbaşçylyk etmegi bu integrasiýada ýurdumyzyň hereketiniň üzül-kesil öňe ilerländigini görkezýär.

Kapitalyň milli ykdysadyýetiň köp pudaklaryna erkin gelip goşulmagyny we milli maýa goýumlaryň daşary ýurtlara erkin gitmegini üpjün etmek goşulyşmanyň ugurlarynyň biridir. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli ykdysadyýetimize goýulýan daşary yurt maýa goýumlary yzygiderli ýokarlanýar. Häzirki wagtda milli ykdysadyyetimize goýulýan maýa goýumlaryň 1/3 bölegi daşary ýurt kapitalydyr.

Halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek möhüm ugurlaryň biridir. HG-laryň düzgünlerine laýyk gelýän ykdysadyýet ösen döwletlere mahsus görkezijidir. Türkmenistan häzirki günde 43 sany halkara guramalaryň agzasydyr.

Halkara hasaplaşyklar munuň özi halkara borçnamalary walýuta taýdan öz wagtynda ýerine ýetirmekdir. Milli walýutanyň durnukly kursy we onuň daşary ýurt walýutasyna erkin öwrülmegidir. Milli puluň erkin öwrülmegi (konwertirlenmegi) üçin onuň daşary yurt walýutasy bilen üpjünçiligidir. Ýurduň töleg balansynyň oňaýlylygydyr.

Ýokarda getirilen ugurlar boýunça işjeň gatnaşyklar näçe ýokary bolsa, milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygyna goşulyşy hem şonça ýokary we tersine bu gatnaşyklar gowşak bolsa, dünýä hojalygyna goşulyşy hem gowşakdyr.

## 13.5. Milli ykdysadyýetiň halkara bäsleşige ukyplylygy

Milli ykdysadyýetiň netijeliligine baha bermekde onuň bäsleşige ukyplylygyny kesgitlemek uly ähmiýete eýedir. Bäsleşige ukyplylyk düşündirmesi çylşyrymly ykdysady düşünjeleriň biridir. Bu düşünjä birnäçe kesgitleme berilýär. Umuman alanyňda, bäsleşige ukyplylyk – pudaklaryň, önümçilikleriň, kompaniýalaryň daşary ýurt bazaryny eýelemegi, öz ornuny pugtalandyrmagy, bäsdeşlerinden yza galmazlyga düşünilýär. Bäsleşige ukyplylyk başgaça aýdylanda halkara bäsleşik ukyplylygy bolup, daşary ýurtlaryň hojalyk birlikleri bilen alnyp barylýan ykdysady ýaryşdyr. Bu

bäsleşik ýurduň alyp barýan ykdysady, syýasy, sosial we beýleki faktorlar bilen şertlenendir.

Milli ykdysadyýetiň bäsleşige ukyplylygy işewür, ylmy, syýasy, döwlet adamlarynyň hemmesinde uly gyzyklanma döredýän meseleleriň biridir. Bäsleşige ukyplylygyň ýollary barada ylmy we ykdysady barlaglar, ylmy çekişmeler, onuň hukuk esaslaryny döretmek barada maslahatlar barha köpelýär. Köp döwletlerde halkara söwdada milli öndürijileriň bäsleşige ukyplylygyny artdyrmak boýunça kanunlar, ýörite geňeşler döredildi.

Milli bäsleşige ukyplylygy öwrenmegiň esasy maksady öz ýurduň hem-de beýleki döwletleriň anyk artykmaçlygyny we asgyn ugurlaryny ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Bäsleşik ozaly bilen iki görnüşde bolýar. Birinjisi içerki bäsleşik, ikinjisi halkara bäsleşikdir. Halkara bäsleşige ukyply ykdysadyýeti emele getirmegiň ýoly ilki bilen içerki bäsleşigi ösdürmegiň üstünden geçýär. Içerki bäsleşik munuň özi milli öndürijileriň arasyndaky alnyp barylýan bäsleşikdir. Güýçli ösýän içerki bäsleşigi döretmek üçin ilki bilen hususyýetçiligi ösdürmelidir. Mälim bolşy ýaly, döwlet eýeçiligi bäsleşigi emele getirip bilmeýär.

Taryhy nukdaýnazardan alanyňda içerki bäsleşik halkara bäsleşikden öň ýüze çykdy. Ol ilki bilen haryt pul gatnaşyklarynyň ösüp başlamagy bilen bazar ykdysadyýetli döwletlerde döredi. Ykdysadyýeti geçiş häsiýetli ýurtlarda içerki we halkara bäsleşik deň ýüze çykan ýaly bolup görünýär. Sebäbi geçiş häsiýetli döwletlerde hususy eýeçilige geçen asyryň 90-njy ýyllaryndan geçilip başlandy. Emma ol döwre çenli dünýä döwletleriniň köpüsi bazar ykdysadyýetli ýurtlardy. Şonuň üçin geçiş häsiýetli döwletlerdäki telekeçiler içerki hem daşarky bazarlarda bäsleşmeli bolýarlar.

Içerki bäsleşik ösüp, soňlugy bilen ýurduň daşyna çykýar we beýleki ýurtlaryň öndürijileri bilen bäsleşip başlaýar. Munuň özi eýýäm halkara bäsleşigi aňladýar. Halkara bäsleşik, başgaça aýdylanda, ýurtlaryň arasyndaky ykdysady ýaryş bolup, ol içerki bäsleşigiň talabyndan has ýokarydyr. Içerki bäsleşikde öndürilýän harydyň hili ortaça bolan ýagdaýynda-da hyrydar tapylmagy mümkin. Emma halkara bazarynda şeýle mümkinçiligiň derejesi örän pesdir.

Güýçli bäsleşik öndürijileriň batmagyna getirýär diýen düşünje hem bar. Elbetde, bäsleşige ukyply bolup bilmedik kompaniýa bazardan çykmaly ýa-da güýçli bäsdeşige goşulmaly bolýar. Bu ýagdaýa telekeçiligi bökdeýän päsgelçilik hökmünde garamak bolmaz. Sebäbi bäsleşik telekeçiligiň ösmeginiň esasy şerti bolup durýar.

Halkara bäsleşigi bir tarapdan milli öndürijileriň tozmagyna, beýleki tarapdan dünýä ykdysadyýetiniň sagdynlaşmagyna getirýär. Mysal üçin, Russiýanyň ýeňil awtomobil senagaty Günbatar döwletleriň awtomobillerine garanyňda bäsleşige ukypsyz bolup çykdy. Şonuň üçin, Russiýada bäsleşige

ukypsyz, köp harajatly awtomobil konweýerleri önümçilikden aýrylyp, ýerine bäsleşige ukyply ýurtlaryň ösen tehnologiýa esaslanýan awtomobil kärhanalary gurulýar.

Halkara bäsleşige hemme döwlet gatnaşsa-da, olaryň ukyplysy we ukypsyzy bolýar. Käbir ykdysatçylar halkara bäsleşige ukyplylygyň esasy şerti işçi güýjüniň köplügi we arzanlygy diýip hasap edýärler. Emma işçi güýjüniň has köp, onuň arzan ýurtlary bolan Pakistanyň, Hindistanyň, Bangladeşiň, Müsüriň halkara bäsleşik reýtingi, işçi güýjüniň az, oňa ýokary hak tölenýän ýurtlary bolan Şweýsariýanyň, Şwesiýanyň derejesinden pesdir.

Halkara bäsleşige ukyplylyk tebigy baýlyklaryň köplüginden gelip çykýan düşünje hem bar. Emma Ýaponiýa, Koreýa, Italiýa tebigy baýlyklara garyp bolsalar-da, ýokary derejede ösmegi başardylar.

Häzirki wagtda ýurtlaryň halkara bäsleşige ukyplylygyny deňeşdirmek üçin birnäçe görkezijiler ulanylýar. Olaryň birine «bäsleşige ukyplylygyň ösýän indeksi» diýlip atlandyrylýar. Bu görkeziji 2001-nji ýylda Bütindünýä ykdysady forumy tarapyndan peýdalanyldy. Bu indeks milli ykdysadyýetiň ukyplylygyny onuň ykdysady ösüşiniň orta we uzak möhletli geljegi esasynda kesgitlenilýär. Umuman, «bäsleşige ukyplylygyň ösýän indeksi» ykdysady ösüşe aýgytly täsir edýän üç sany görkezijä, ýagny: makroykdysady şertlere, döwlet institutlarynyň hiline, tehnologiýalaryň ösüş derejesine esaslanýar.

«Işjeň bäsleşige ukyplylygyň indeksi» M. Porter tarapyndan işlenilip düzüldi. Oňa laýyklykda kompaniýanyň netijeliligini artdyrmakda ilkinji we esasy faktor hökmünde zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaly diýip hasap edilýär. Bu indeks iki görkezijä esaslanýar. Olaryň birinjisine, kompaniýanyň işjeňliginiň we strategiýasynyň ösüş derejesi, ikinjisi, kompaniýanyň içerki bazardaky bäsleşik derejesi degişlidir.

BMG bolsa «senagat taýdan ösüşi boýunça halkara deňeşdirme bäsleşige ukyplylyk» atly görkezijini ulanýar. BMG-niň baha beriş ölçeglerine laýyklykda ýurduň önümçilik telekeçiligi, kapital, zähmet, çig mal baýlyklary, menejment sferasynyň ösüşi, bazar düzümi öwrenilip, ol ulgam jemi 10 baldan ybaratdyr.

Umuman, milli ykdysadyýetleriň halkara bäsleşigini öwrenmek dünýäde barha giň gerime eýe bolýar. Ykdysatçylar bäsleşik düşünjesini has doly açyp görkezmekde M. Porteriň «halkara bäsleşik artykmaçlyklar nazaryýetiniň» uly ähmiýete eýedigini belleýärler. Ol nazaryýete başgaça «milli romb» diýilýär. Oňa laýyklykda bäsleşige ukyplylygy öwrenilýän döwletde hereket edýän firmanyň ykdysadyýetde bäsleşigi emele getirýän dört sany esasy häsiýetli aýratynlyklary (determinantlar) açylyp görkezilýär.

«Milli romb» döwletiň bäsleşik artykmaçlyklaryny peýdalanmakda oňaýly we oňaýsyz taraplary açyp görkez-

*5-nji shema*

**Döwletiň bäsleşik artykmaçlyklarynyň häsiýetli aýratynlyklary. Milli romb.**




ýär. Bu häsiýetli aýratynlyklara seredip geçeliň.

Parametrler faktory (ýa-da önümçilik faktory) – bu görkeziji döwletiň eksporta nazarlanýan pudaklarynyň bäsleşik artykmaçlyklarynyň material däl şertlerini özünde jemleýär.

Firmanyň strategiýasy, onuň düzümi we olaryň arasyndaky bäsleşik – milli bäsleşik artykmaçlygy üpjün etmekde uly ähmiýete eýedir. Eger-de bäsleşik sredasy ýa-da firmalaryň arasynda bäsdeşlik bolmasa, firmalar hojalyk işinde bäsdeşlik etmek şertlerine nazarlanmasalar, onda şeýle firmalarda daşarky bazarlarda bäsleşik artykmaçlygy döremeýär.

Islegiň parametri ilkinji nobatda islegiň göwrümi, onuň ösüşi, harytlaryň görnüşleriniň deňeçerligi, alyjylaryň harytlaryň hiline bolan talabydyr. Ösen islegiň içerki bazarda kanagatlandyrylmagy, harytlaryň daşarky bazarlara çykmagyna mümkinçilik döredýär.

Ýakyn we ugurdaş pudaklaryň ösmegi – eksporta nazarlanýan pudaklary material, ýarym fabrikatlar, komplektleýji enjamlar, maglumatlar bilen üpjün etmekde firmanyň beýleki ýurtlaryň firmalary bilen bäsleşigini dolandyrmak uly ähmiýete eýedir.

Tötänleýin wakalar – döwletiň bäsleşik artykmaçlygyny güýçlendirip ýa-da pese düşüribem bilýär. Ol wa-

14. Sargyt № 1094.

kalara täze oýlap tapyşlar, tehnologiki açyşlar, çig mallaryň bahasynyň, walýuta kursunyň üýtgemegi, dünýä we ýerli islegiň pese düşmegi, hökümetiň syýasy kararlary, harby hereketler degişlidir.

Hökümetiň orny – milli bäsleşik artykmaçlygyny emele getirmekde uly ähmiýete eýedir. Hökümet bu ýagdaýa gös-göni täsir edýär. Bu täsir oňaýly we oňaýsyz bolup biler. Önümçilik faktory we islegiň parametrleri boýunça hökümet özüniň ykdysady, şol sanda daşary ykdysady syýasatyna laýyklykda hereket edýär. Hususan-da köp döwletleriň hökümetleri ýurduň eksporta nazarlanýan pudaklaryna, ýagny «ýakyn we ugurdaş» pudaklaryň ösmegine ýardam berýär.

Porteriň milli ykdysadyýetiň bäsleşige ukyplylygyny açyp görkezmekde öňe süren garaýşy gutarnykly diýip hasap edip bolmaz. Başga-da birnäçe faktoryň, has takygy dört sany faktoryň ähmiýeti soňky 20–30 ýylyň dowamynda görnetin ýokarlandy. Bu faktorlaryň her biri barada durup geçeliň.

Tebigy baýlyklar milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygyndaky ornuny häsiýetlendirýän esasy görkezijileriň biridir. Oňa laýyklykda tebigy baýlyklar, hususan-da strategiki çig mallar näçe köp bolsa, ýurduň bäsleşige ukyplylygy hem şonça ýokarydyr. Ýöne bu faktoryň amatsyz taraplaryny-da bellemeli. Ol ýeňil gazanjyň hasabyna ýurtda adam faktorynyň, innowasiýanyň, zähmet öndürijiliginiň ösüşini bökdeýär.

Zähmet resurslary esasy görkezijileriň biridir. Häzirki wagtda ýokary hünär taýýarlykly, zähmet öndürijiligi ýokary işçi güýjüni döretmäge uly üns berilýär. Ýokary hünär taýýarlykly işçi güýji gymmat düşse-de, ol bäsleşige ukyplylygyň bir şerti hasaplanylýar.

Walýuta faktory – milli ykdysadyýetiň bäsleşik ukyplylygyna aýgytly täsir edýän ýagdaýlaryň birine öwrüldi. Milli walýutanyň kursunyň peselmegi ýa-da ýokarlanmagy gös-göni eksporta we importa täsir edýär.

Uýgunlaşma faktory diýlip milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygyndaky üýtgeşmelere örän çaltlyk bilen girişmegine, oňa uýgunlaşmagyna düşünilýär. Başgaça aýdylanda, bu faktor milli ykdysadyýetiň çeýeligini göz öňünde tutýar.

Halkara bäsleşigine ukyplylyk diňe bir dünýä ýurtlary boýunça däl-de, sebitler boýunça hem hasaplanylýar. Käbir ýurtlaryň dünýädäki bäsleşik ukyby pes bolsa-da, aýry-aýry sebitler boýunça alanyňda bäsleşik reýtingi has ýokarydyr.

Dünýä hojalygyna goşulyşyny barha artdyrýan Türkmenistanyň halkara bäsleşik artykmaçlygyny döredýän pudaklaryna tebigy gaz, nebit we nebit önümleri, nebit-himiýa önümleri, dokma senagaty, himiki çig mallar, oba hojalyk we agrar-senagat toplumynyň käbir pudaklary (mysal üçin, çakyr öndürmek) degişlidir.

## 13.6. Döwletiň daşary ykdysady syýasaty

Döwletiň daşary ykdysady syýasaty milli ykdysadyýetiň açyklygyny häsiýetlendirýän görkezijileriň biridir. Umuman alanyňda, daşary ykdysady syýasat döwletiň daşary gatnaşyklary alyp barmakdaky, guramakdaky geçirýän çäreleriniň jemidir. Daşary ykdysady syýasatyň esasy düzüm bölegi daşary söwda, walýuta we maýa goýum syýasaty çykyş edýär.

Daşary ykdysady syýasatyň esasy maksady daşary söwdanyň, töleg balansynyň deňeçerligini gazanmakdyr. Daşary ykdysady deňeçerlik öz gezeginde içerki deňeçerligiň bolmagyny talap edýär. Içerki deňeçerlige JIÖ-niň durnukly ösüşi, islegiň we teklibiň gabat gelmegi, iş bilen üpjünçilik, hümmetsizlenmegiň pes derejesi çykyş edýär. Bu deňeçerlik bazar ykdysadyýetiniň fiskal we monetar syýasaty esasynda gazanylýar.

Daşarky we içerki deňeçerlik biri-biri bilen baglanyşyklydyr. Bu baglanyşyk açyk ykdysadyýetli ýurtlarda has ýokarydyr. JIÖ-niň yzygiderli ösmegi eksportyň ýokarlanmagyna mümkinçilik berýär. Emma açyklyk derejesi pes bolan ykdysadyýetlerde bu baglanyşyk gowşakdyr. Şeýle döwletlerde eksportyň şol bir ugur boýunça ösmegi, içerki ykdysady ösüş bolmasa-da importyň ösmegi, walýuta kursunyň durnuksyzlygy mahsusdyr.

Daşary ykdysady gatnaşyklar döwlet tarapyndan birnäçe çäreleriň kömegi arkaly sazlanylýar. Bu çäreleriň sany barha artýar. Sebäbi daşary ykdysady gatnaşyklar ösdügiçe, soňça-da çylşyrymlaşýar. Ýurtda halkara ýöriteleşmä laýyklykda daşary gatnaşyklaryň oňaýsyz täsirini aradan aýyrmak, milli öndürijiniň dünýä bazaryndaky ornuny berkitmek üçin dürli gurallar ulanylýar.

Daşary ykdysady syýasatyň esasy gurallarynyň biri gümrük-tarif syýasatydyr. Ol gümrük tariflerinden ybarat bolup, harytlaryň ähli görnüşini öz içine alýan döwlet sazlaşdyrmasynyň ýeke-täk guralydyr. BSG-niň düzgünlerine laýyklykda gümrük paçlary daşary söwdany sazlaşdyrmagyň kanuny serişdesidir. Içerki salgyt ulgamy bilen bir hatarda gümrük paçlary ýurduň ykdysady ýagdaýyna, ýagny bahalar, peýda, düşewüntlige, kärhanalara, walýutanyň ýagdaýyna täsir edýär.

Gümrük salgydyndan başga-da tarif däl çäklendirmeler guraly giňden ulanylýar. Tarif däl çäklendirmelere harydyň tehniki standarty, arassaçylyk düzgünleri, gaplanyşy we ş.m. mysallar degişlidir. Tarif we tarif däl çäklendirmeleriň esasy maksady ýerli öndürijini daşarky bäsdeşden goramakdyr.

Daşary ykdysady gatnaşyklary döwlet tarapyndan sazlaşdyrmakda halkara maýa goýumlara uly orun

degişlidir. Döwletler bir tarapdan, maýa goýumlary, hususan-da göni maýa goýumlary çekmäge jan edýärler. Munuň özi önümçiligiň giňemegine, iş bilen üpjünçiligiň ýokarlanmagyna getirýär. Beýleki tarapdan, daşary ýurt kapitalyna gözegçilik etmek we milli kapital üçin artykmaçlyk döretmäge mümkinçilik berýär. Şonuň üçin daşary ýurtly maýadarlaryna amatly maýa goýum klimaty döredilýär. Beýleki tarapdan, ýurduň aýry-aýry pudaklaryna daşary yurt maýa goýumlarynyň çekilişi çäklendirilýär. Çäklendirmeler we höweslendirmeler esasan salgyt kanunçylygy esasynda düzgünleşdirilýär. Umuman, daşary ykdysady syýasatyň iki sany meýli bolup, olaryň birine proteksionizm, beýlekisine liberalizm diýilýär.

Daşary ýurt maýa goýumlaryny sazlaşdyrmagyň birnäçe häsiýetli aýratynlyklary bardyr. Ol aýratynlyklaryň esasy bolup, daşary ykdysady gatnaşyklarda milliligiň aradan aýrylmagy degişlidir. Köp halatlarda daşary ýurtly maýadar ýerli kanunçylyga laýyk hereket edýär. Soňlugy bilen ýerli we daşary ýurt maýasy garyşyp gidýär. Ýerli kapital hem daşary ýurt ykdysadyýetinde şeýle ýagdaýa sezewar bolýar.

Beýleki aýratynlygy milli ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklarynda ýerli maýanyň agdyklyk etmegidir. Halkara söwdany sazlaşdyrmagyň ösen ulgamlaryna laýyklykda milli ykdysadyýet özüniň ileri tutýan pudaklarynda daşary ýurt maýasynyň gelmezligini gazanmaga hukuklydyr.

Bu gurallaryň içinde has giňden ýaýrany daşary ýurt maýasynyň kepillik üpjünçiligidir. Kepillikleriň görnüşleri köp sanlydyr. Birinjiden, bu kepillik birnäçe halkara konwensiýa arkaly berkidilýär. Waşington konwensiýasyna döwletleriň arasyndaky, Seul konwensiýasy hususy taraplaryň arasyndaky jedelli meselelere seredýär. Halkara maýa goýumlary köptaraplaýyn ätiýaçlandyrmak üçin «maýa goýumlaryň kepilligi boýunça Köptaraplaýyn agentlik» hem döredildi. Bu konwensiýalaryň hemmesi-de taraplaryň, hususan-da maýa goýujynyň bähbitlerini goraýar. Ikinjiden, döwletleriň arasynda ikitaraplaýyn salgyt salmazlyk barada ylalaşyk baglaşylýar. Üçünjiden, ýerli kapitala berilýän ýeňillikleriň daşary ýurtly maýadara-da berilmegi we başga-da birnäçe çäreler degişlidir.

Daşary ýurt maýasyny çekmek çäreleri aşakdaky ugurlar boýunça alnyp barylýar:

- daşary ýurt maýasyna berilýän salgyt ýeňillikleri, birnäçe wagtyň dowamynda salgyt salmazlyk;
- bilelikdäki telekeçiligi höweslendirmek;
- yzagalak etraplara daşary ýurt maýasynyň çekilişini höweslendirmek;
- milli bäsleşigi ýokarlandyrmak, söwda we walýuta amallarynyň harajatlaryny peselt-

mek üçin daşary ýurt maýasynyň hasaplaşyk amallara gatnaşyşyny güýçlendirmek.

Walýuta sazlaşdyrmasy amatly töleg balansyny emele getirmekde, içerki bazaryň durnuklylygyny saklamakda uly ähmiýete eýedir. Milli walýutanyň erkin we ýüzýän kurslar boýunça hereketi ösen ykdysadyýete mahsusdyr. Käbir ýurtlar milli walýutanyň kursuny emeli ýol bilen aşaklandyryp, daşary söwdanyň profisitini gazanýarlar. Şeýle döwletlere Hytaýy we Ýaponiýany görkezmek bolar.

Walýuta sazlaşdyrmasynda başga-da birnäçe çäreler ulanylýar. Şeýle çäreler köplenç ösüp gelýän ýurtlarda peýdalanylýar. Ol çärelere birnäçe kurslaryň bellenilmegi, milli walýutanyň daşary ýurt walýutasyna ýa-da walýuta sebedine berkidilmegi, daşyna çykýan pul akymlarynyň çäklendirilmegi, eksportyň diňe daşary ýurt walýutasynda, importy milli walýutada ýa-da walýuta sebedinde alnyp barylmagy degişlidir.

Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasaty bitaraplyga, iki we köptaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlyga esaslanýar. Türkmenistan dünýäniň 104 döwleti bilen söwda gatnaşyklaryny alyp barýar. Söwda-ykdysady gatnaşyklar babatynda dünýaniň 24 döwleti bilen baglaşylan, 7 döwlet bilen erkin söwda hakyndaky, 21 döwlet bilen maýa goýumlaryny höweslendirmek we özara goramak babatda, 12 döwlet bilen iki gezekleýin salgyt salmagy aradan aýyrmak barada, 28 döwlet bilen ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara toparyny döretmek hakyndaky Ylalaşyklar baglaşyldy.

# XIV BAP
# DÜNÝÄ HOJALYGYNYŇ TRANSMILLI KORPORASIÝALARY

## 14.1. Transmilli korporasiýalar dünýä ykdysadyýetiniň subýektidir

Transmilli korporasiýalar (TMK) baş (atalyk) kompaniýalardan we olaryň daşary ýurtlarda ýerleşen bölüm golçur (doçernyý), üzňeleşen (assosirlenen) görnüşdäki şahamçalardan (filial) ybaratdyr. Daşary yurtlarda ýerleşen şahamçalaryň harytlary we hyzmatlary öndürmegine TMK-laryň halkara önümçiligi diýilýär. ÝNKTAD tarapyndan «Dünýä maýa goýumlary

barada hasabat» (World Inwesment Report) atly her ýyllyk neşiriniň 2004-nji ýyldaky sanynda TMK-laryň daşary ýurtlardaky bölümlerinde 37 million adam işläp, dünýä söwdasynyň 33%-i, DJÖ-niň 10%-i öndürilipdir. TMK-laryň dünýä hojalygyndaky paýy barha artýar. 2004-nji ýylda DJÖ-niň 10%-i TMK-laryň paýyna düşen bolsa, bu görkeziji 1990-njy ýylda 6%-e deň bolupdy.

TMK-lara seljerme berlende «transmillileşme indeksi» diýen düşünje ulanylýar. Bu düşünje iki görnüşde çykyş edýär. Birinjisi, kompaniýanyň transmillileşme indeksi, ikinjisi, döwletleriň transmillileşme indeksi.

Kompaniýanyň transmillileşme indeksi ol ýa-da beýleki TMK-nyň haryt we hyzmat önümçiliginiň daşary ýurtlara düşýän böleginiň derejesini görkezýär. Ol görkeziji aşakda görkezilen üç sany ululygyň jemi boýunça hasaplanylýar:

– TMK-nyň umumy aktiwleriniň jeminde daşary yurt aktiwleriniň paýy;
– korporasiýanyň umumy satuw işleriniň jeminde daşary ýurt satuw işleriniň paýy;
– TMK-nyň umumy işgärleriniň jeminde daşary ýurtlardaky işgärleriniň paýy.

Dünýäniň iň iri 100 sany TMK-nyň transmillileşme indeksi 2003-nji ýylda 56%-e barabar bolupdyr. Kiçi we orta ululykdaky döwletleriň kompaniýalarynda bu görkeziji has ýokarydyr. Mysal üçin, Angliýanyň «Wodafon» telekomunikasiýa kompaniýasynda bu görkeziji 85%-e deňdir. Bu kompaniýanyň umumy aktiwleriniň jemi 263 milliard dollar bolup, onuň 244 milliardy, satuw işleriniň jemi 60 milliard dollar bolup, onuň 50 milliardy, işgärleriniň umumy sany 67 müň adam bolup, 47 müň adam daşary ýurtlarda ýerleşen bölümleriniň paýyna düşüpdir. Geçirilen barlaglaryň netijesine görä, ösen döwletleriň TMK-synda bu görkeziji ýokarydyr. Ösüp gelýän döwletleriň TMK-synda bu görkeziji ortaça 48%-e barabardyr. Ýöne ösüp gelýän döwletleriň TMK-larynyň arasynda «transmillileşdirme indeksiniň» ýokary görkezijisine eýe bolan kompaniýalar hem bar. Mysal üçin, Meksikanyň «Siemens» kompaniýasynda bu görkeziji 69%-e deňdir.

Döwletleriň transmillileşme indeksi ol ýa-da beýleki ýurduň milli hojalygyna daşary yurt TMK-larynyň gatnaşyş derejesini bahalandyrýar. Bu görkeziji aşakda getirilen dört sany ululygyň jemi boýunça hasaplanylýar:

– döwlet maýa goýumlarynyň jeminde daşary ýurt maýa goýumlarynyň paýy;
– döwletiň ähli süýşürintgileriniň JIÖ-e bolan gatnaşygynda daşary ýurt göni maýa goýumlarynyň paýy;
– JIÖ-niň jeminde daşary ýurt TMK-larynyň paýy;
– bu bölümlerde işleýänleriň ýurt boýunça ähli işleýänleriň jemindäki paýy.

Döwletleriň «transmillileşme indeksi» territoriýa taýdan kiçi, öşen döwletlerde has ýokarydyr. Mysal üçin, bu görkeziji Gonkongda (Sýungan) 82%-e, Belgiýada we Lýuksemburgda 77%-e, Irlandiýada 69%-e, Singapurda 60%-e deňdir. Emma iri döwletlerde bu görkezijiniň derejesi pesdir. Mysal üçin, Kanadanyň we Ispaniýanyň transmillileşme derejesi 21%-e, Russiýanyňky 19%-e, ABŞ-nyňky 8%-e, Ýaponiýada 1%-e barabardyr.

Häzirki zaman dünýä hojalygynda TMK-laryň maýa goýumlylygy barha ýokarlanýar. TMK-laryň kapitaly eksport etmegi ony kabul edýän we çykarýan ýurtlaryna dürli täsir edýär.

Adatça TMK-lar göni maýa goýumlary ulanýarlar. Munuň özi ssuda kapitalyndan tapawutlylykda import edýän ýurda göterim töleginden halas edýär. Göni maýa goýumlar ony kabul edýän ýurtda kapitalyň emele gelmegine oňaýly täsir edýär. TMK-lar daşary ýurda maýa goýmak bilen, diňe şol ýurduň içerki isleglerini kanagatlandyrmaga däl-de, eksporta nazarlanýan önümçiligi ýola goýýarlar. Häzirki wagtda Hytaýyň eksportynyň ýarysyna golaýy TMK-laryň bu ýurtdaky bölümleriniň paýyna düşýär. Şeýle ýagdaý beýleki döwletlere hem mahsusdyr. Mysal üçin, Singapuryň ösmeginde daşary yurt maýa goýumlary bilen telekeçilik tejribesi düýpli täsir etdi.

Daşary yurt maýa goýumlaryny import etmegiň oňaýsyz taraplary hem bar. Kapitalyň häsiýetine laýyklykda ol çalt aýlanýan ýerine, ýagny has girdejili pudagyna goýulýar. Bu ýagdaý öz gezeginde ýurduň dürli sebitleriniň we pudaklarynyň gyradeň ösmezligine getirýär.

TMK-laryň göni maýa goýumlary ony çykarýan ýurda oňaýly täsir edýär. Amerikan ykdysadyýetçileriniň hasaplamalarynyň görkezişi ýaly, ýurduň daşyna çykarylan 1 milliard dollaryň ABŞ-dan 0,43 milliard dollarlyk harydyň ýa-da hyzmatyň eksport edilmegine we 1,6–1,7 müň iş orunlarynyň döremegine getirýär.

Emma TMK-laryň göni maýa goýum eksporty ony çykarýan yurt üçin hemişe ykdysady ösüşi, täze iş orunlary, eksportyň ýokarlanmagyny üpjün edip durmaýar. Kapital eksporty ony çykarýan ýurduň ykdysady ösüşine oňaýsyz täsir edýän wagtlary hem seýrek däldir. Aýratyn-da kapitalyň öz ýurdundan «gaçmagy» ykdysady we sosial taýdan ösüşi haýalladýar. Kapitalyň öz ýurdundan gaçmagynyň esasy sebäpleri bolup maýa goýum şertleriniň ýeterlik bolmazlygy we kapitalyň gelip çykyş çeşmesiniň gümürtikligi çykyş edýär.

Umuman, TMK-laryň göni maýa goýumlary haçan-da ýurtda kapital artykmaç toplananda amatly hasap edilýär. Şonuň üçin TMK-laryň göni maýa goýum eksporty döwlet tarapyndan sazlaşdyrylmalydyr.

TMK-laryň görnüşleri transmilli korporasiýalar baş kompaniýany we

onuň daşary ýurtlardaky bölümlerini özüne birleşdirýär. Baş kompaniýa TMK-nyň haýsy döwlete degişlidigini görkezýär. Baş kompaniýa daşary yurtlardaky şahamçalarynyň paýnamalarynyň 10%-den az bolmadyk bölegine eýeçilik edip, onuň üsti bilen işine gözegçiligi üpjün edýär.

Baş we çet yurt kapitaly bilen şärikli edilip döredilen firmalara TMK-laryň daşary ýurt şahamçalary diýilýär. Bu şahamçalar bölüm, golçur, assosirlenen kompaniýalar görnüşinde çykyş edýär:

Bölüm (branch, division) kabul edýän ýurtda baş kompaniýa doly degişli bolan ýa-da şäherde döredilen firma bolup, ol özbaşdak ýuridiki tarap bolup çykyş etmeýär;

Golçur firma – baş kompaniýa paýnamalaryň ýarysyndan gowragyna eýelik edip, bu firma ony kabul edýän ýurtda özbaşdak ýuridiki tarap hökmünde hasaba alynýar;

Assosirlenen (associate) kompaniýa – baş kompaniýa firmanyň paýnamalarynyň 10%-den az bolmadyk we 50%-den köp bolmadyk bölegine eýeçilik edip, ol özbaşdak ýuridiki tarap görnüşinde çykyş edýär.

TMK-lar milletlilik nukdaýnazaryndan bir milletli we köp milletli görnüşinde çykyş edýär. Bir milletli TMK bir döwletiň gatnaşmagynda döredilýär we dünýä boýunça hereket edýär. Köpmilletli kompaniýa birnäçe döwletleriň kapitalynyň gatnaşmagynda döredilýär. Ilkinji köpmilletli kompaniýa bolan «Ýunilewer» 1929-njy ýylda Gollandiýanyň «Margarin Ýuni we Angliýanyň «Lewel Brazerz» firmalarynyň birleşmegi arkaly döredildi. Häzirki wagtda kompaniýanyň 60-a golaý döwletde 500-den gowrak şahamçasy hereket edýär. Köpmilletli kompaniýalara ýewropaly firmalar degişlidir. Köpmilletli kompaniýalar ilkinji bolup şu sebitde ýüze çykdy.

Dünýä boýunça hereket etmek nukdaýnazaryndan alanyňda TMK-laryň işini sebitleýin we global häsiýete bölmek bolar. Sebitleýin TMK-lara mysal hökmünde «IKEA» kompaniýasyny görkezmek bolar. Bu kompaniýanyň önümçilik we täjirçilik işiniň 80%-i ýewropa bazaryna düşýär. Bu kompaniýanyň ýörelgesi bolup, az harajatly önümçilik, öndürijiden alyja gysga ýol, bäsleşige ukyply bahalar çykyş edýär.

Şonuň üçin bu kompaniýanyň senagat kärhanalarynyň 70%-i Gündogar Ýewropanyň tokaý resurslaryna baý döwletlerinde ýerleşýär. Bu döwletlerdäki kärhanalar «Swedwud» golçur kompaniýasynyň gözegçiliginde işlerini alyp barýarlar. Daşary ýurtlarda ýerleşen şahamçalar çig maldan taýyn önüme çenli ähli önümçilik tehnologiýasyny geçýärler. Olaryň esasy aýratynlygy harydyň ýokary hilini üpjün etmek üçin ýeke-täk tehnologiýany ulanýanlyklarydyr. «IKEA» korporasiýasynyň düzümine girýän

ähli kärhanalaryň işini sazlaşdyrmagy, gönükdirmegi, gözegçilik etmegi baş kompaniýanyň Gollandiýada we Şwesiýada ýerleşen bölümleri tarapyndan amala aşyrylýar.

TMK-laryň başga bir görnüşi öz işini bütinleý başgaça alyp barýar. Olara global TMK-lar diýilýär. Olara birnäçe häsiýetli aýratynlyklar mahsusdyr. Ol aýratynlyklara aşakdakylar degişlidir:

– harydy we hyzmaty ýerleşdiriş işlerini dünýäniň iri bazarlary bolan Demirgazyk Amerikada, Ýewropada we Aziýada ýerleşdirmegi;

– diňe bir bazar üçin däl-de, tutuş dünýä boýunça haryt öndürmegi ;
– esasan haryt öndürmäge ýöriteleşmegi degişlidir;
– daşary ýurt çig malyny elýeterli bahadan satyn alyp, önümçiligiň artykmaçlygyny üpjün etmek;
– çet ýurt bazaryndaky ýerleşdiriş işlerini, daşary ýurtdaky şahamçalarynyň üsti arkaly berkitmek;
– senagat kärhanalaryny önümçilik we ýerleşdiriş harajatlarynyň pes bolan ýurtlarynda ornaşdyrmak.

Global TMK mysal hökmünde ýaponlaryň «Toýota» awtomobil gurluşyk kärhanasyny görkezmek bolar. Bu kompaniýanyň Ýaponiýada 12 we dünýäniň 26 ýurdunda 50-ä golaý zawodlary hereket edýär. Daşary ýurtlardaky kärhanalar awtomobili 100% ýygnamak görnüşinde işlerini alyp barýarlar. Awtomobiliň ähli şaýlary Ýaponiýada öndürilýär we daşary ýurtlarda ýerleşen zawodlaryna eksport edilýär.

## 14.2. TMK-laryň guramaçylyk düzümi

TMK-lary dolandyrmagyň esasy bölegi bolup baş kompaniýanyň ştab-kwartirasy çykyş edýär. Ştab-kwartiranyň döredilmegi ýurtlardaky şahamçalaryň işini netijeli guramaga mümkinçilik berýär. Baş kompaniýa TMK-ny dolandyrmak üçin üç ugry peýdalanýar. Olara etnomerkez, ýarym merkez we geomerkez ugurlary degişlidir.

Etnomerkez ugur adatça, daşary ýurtlardaky şahamçalary ştab-kwartiranyň üsti bilen berk gözegçilikde saklamak, işi merkezleşdirilen esasda alyp barmak üçin saýlanyp alynýar. Bu ýagdaýda baş kompaniýa şahamçalary öz

iş ýörediş usuly boýunça dolandyrýar, öz toplan tejribesini ornaşdyrýar. Ýerleşýän ýurdunyň ykdysady, syýasy we medeni ýagdaýyny inkär edýär.

Şeýle görnüşli şahamçalar adatça, çig maly gazyp almak we ugratmak ýaly ugurlarda ulanylýar. Mysal üçin, GAR-yň «De Birs konsolideýted maýns» korporasiýasynyň Bostwanedäki almaz gazyp alýan «Debswana daýmond Ko şahamçasy etnomerkezi dolandyryş ugra degişlidir».

Ýarym merkezi ugurda baş kompaniýa daşary ýurtlarda ýerleşen şahamçalarynda ýerli ykdysady, syýasy, medeni ýagdaýlary öwrenmäge ýykgyn edýär. Ýerli tejribe giňden peýdalanylýar. Ýerli hünärmenleriň ýolbaşçy işe çekilişi höweslendirilýär. Şeýle TKM-laryň biri Hytaýyň taýyn egin-eşikleri öndürýän «Liend Fangy Ltd» kompaniýasydyr. Bu kompaniýanyň Hindistandaky, Bangladeşdäki, Pakistandaky, Şri-Lankadaky bölümlerinde 5 müňden gowrak adam zähmet çekip, onuň ýyllyk dolanyşygy 4 milliard dollardan hem geçýär.

Geomerkez ugurda TMK-lar diňe bir öz ýurduna däl-de, umumy bähbide gulluk edýärler. Baş kompaniýa daşary ýurtlardaky şahamçalarynda dünýä tejribesini, halkara standartlaryny ulanyp, ýolbaşçy işlere öz işinden oňat baş çykarýan, abraýly, ýerli hünärmenleri çekmäge çalyşýar.

TMK-lar dolandyryş işlerini hemişe bir ugur boýunça alyp barmaýarlar. Olaryň dolandyryş ugry üýtgäp durýar. Adatça, etnomerkezi sebitleýin, geomerkezi ugur global TMK-lar tarapyndan ulanylýar.

TMK-laryň dolandyryş guramaçylygy pudaklaýyn ýöriteleşmä baglylykda birnäçe ýörelgelere esaslanýar.

1. Korporasiýalaryň geografiki ugur boýunça ýörelgesi bir görnüşli önüm öndürmäge ýöriteleşmegi döwletleýin, sebitleýin ýörelgä esaslanýar. Dolandyryşyň şeýle düzümi şweýsar «Nestle» korporasiýasyna azyk önümlerini öndürmegiň we ýerleşdirmegiň ýeke-täk tehnologiýasyna geçmegine mümkinçilik berýär.

2. Önümçiligiň we ýerleşdirmegiň haryt boýunça ýöriteleşmesinde önümçilik jähti esasy orny eýeleýär. Şeýle ýörelgeler korporasiýalar köp görnüşli önümleriň giň assortimentini öndürmäge ýöriteleşýärler. Dolandyryş düzüminiň şeýle ýörelgesi amerikan «Jeneral elektrik» korporasiýasyna dünýäde iň iri, köp ugurly kompaniýalaryň biri bolmagyna getirdi. Kompaniýa dürli sebitler üçin köp görnüşli önümleriň giň assortimentini öndürýär. Ol önümler awiadwigateller, senagat plastmassalary, yşyklandyryjy enjamlary, energetiki gurluşlar, medisina we demir ýol tehnikalary we başga-da köp görnüşli önümleri öndürýär. «Jeneral elektrik» korporasiýasynyň telekeçilik işiniň jogapkärçiligi onuň daşary ýurtdaky şahamçasyna ýüklenilýär. Bu işler ýörite bellenilen menejer tarapyndan alnyp barylýar. Şahamçalar ýerli şertlere laýyk gelýän önümçiligi ýola goýýarlar.

*6-njy shema*

**«Nestle» korporasiýasynyň geografik ýörelge boýunça dolandyryş düzüminiň shemasy**




**Bellik:** (A, B, Ç-önümiň görnüşleri)

3. Korporasiýalar üçin önümleriň assortimentiniň örän giň diwersifikasiýasynyň guramaçylyk düzümi matrisa häsiýete eýedir. Dolandyryşyň şeýle shemasy matrisanyň üç sany üýtgeme görnüşinde seredilýär. Shema laýyklykda baş kompaniýa daşary ýurtlardaky şahamçalaryna üç ugur boýunça menejerleri belleýär. Ol ugurlara: önümiň görnüşi boýunça; sebitleýin ugur boýunça; wezipeleýin dolandyryş (maliýe, ýerlikli, YBTKI) ugurlar degişlidir. Bu ýörelge TMK-lary dolandyrmagyň nusgawy görnüşi bolan iýerarhiýadan (ýokardan-aşaklygyna) düýpli tapawutlanýar. TMK-laryň ýolbaşçylarynyň pikirine görä, matrisalaýyn dolandyryş düzümi baş kompaniýanyň merkezleşdirilen häkimligini gowşadýar.

*7-nji shema*

**«Jeneral elektrik» korporasiýasynyň haryt ýörelgesi boýunça dolandyryş düzümi (A, B, Ç-sebitleýin we döwletleýin şahamçalar)**




Bellik: (A, B, Ç-sebitleýin we döwletleýin şahamçalar)

*1-nji çyzgy*

**Baş kompaniýalaryň daşary ýurtlardaky şahamçalaryny matrisalaýyn ýörelge boýunça dolandyryş çyzgysy**



4. Telekeçilik işiniň barha çylşyrymlaşmagy şahamçalaryň özbaşdak hereket etmegine getirýär. Dolandyryşyň şeýle görnüşinde özbaşdak işewürlik diýilýär. Bu görnüşi ilkinji bolup ulanan amerikan «Westinganzelektrik» korporasiýasydyr. Onuň düzümine girýän daşary ýurtdaky kompaniýalaryň 18-siniň hersiniň ýyllyk dolanyşygy 4 milliard dollardan gowrakdyr.

«Özbaşdak işewürlik» ýörelgesine esaslanýan kompaniýalar garaşsyz hojalyk birlikleridir. Olar alyp barýan işleriniň ählisinde doly jogapkärçiligi öz üstüne alýarlar. Daşary ýurtdaky şahamçalaryň «özbaşdak işewürlik» hukugyna eýe bolmagy, olaryň ýokary derejede netijeli işlemegine getirýär.

5. Soňky ýyllarda ýokary tehnologiýaly önümçilige ýöriteleşýän TMK-lar autsorsing işini giňden peýdalanyp başladylar. Baş kompaniýanyň ozalky alyp barýan işleri bolan ylmy barlaglar, innowasiýa, marketing, ýerleşdiriş, önümçiligi guramak ýaly işler garaşsyz firmalara, beýleki TMK-laryň şahamçalaryna geçirilip başlandy.

Autsorsing kärhanany dolandyrmagyň guramaçylyk düzümine garaşly däldir. Autsorsing işi esasan önümçiligi guramak we ýüki ugratmak işlerinde amatlydyr. Emma bu görnüşiň hem ýetmezçiligi bardyr, ýagny baş kompaniýa önümiň hiline ünsli gözegçiligi ýola goýup bilmeýär.

## 14.3. TMK-laryň häzirki zaman strategiýasy

Köp döwletleriň TMK-lary strategiýasyny hemişe üýtgedýärler. Korporasiýalaryň strategiýasynyň üýtgemegine iki ýörelge täsir edýär. Olaryň birinjisine täze bazarlary özleşdirmek, ikinjisine täze hyzmatdaşlary tapmak degişlidir.

Käbir TMK-lar diňe bir görnüşli haryt bazarynda liderligi saklamaga jan edýärler. Bu meýil harydyň hiline örän berk gözegçilik we satylanyndan soňky hyzmatlar bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, «Boing» korporasiýasynyň 90%-i awiatehnikalaryň paýyna düşýär.

TMK-laryň bäsleşige ukyplylygy ylmy-tehniki täzelikleri, innowasiýany ulanmagy bilen baglanyşyklydyr. Munuň üçin TMK-lar önümçilik tehnologiýasynyň ýeke-täk eýesi bolmalydyr. Mysal üçin, «Intel» korporasiýasy kompýuterler üçin öndürilýän şaýlaryň ýokary tehnologiýaly çylşyrymly böleklerini ABŞ-da, Irlandiýada, Ysraýylda ýerleşýän zawodla-

rynda, öndürýän tehnologiýasy çylşyrymly bolmadyk ýönekeý detallary bolsa Malaýziýada, Filippinlerde, Hytaýda ýerleşýän zawodlarynda öndürýär.

TMK-lar baran ýurdunyň hökümetiniň syýasaty bilen öz strategiýasyny ýokary derejede gabat getirmäge çalyşýarlar. TMK-lar önümçilik we dolandyryş tejribesini ýerli hünärmenleriň taýýarlygygny ýokarlandyrmak boýunça okuwlary guranda, önümçilik tehnologiýasyny ýerli kärhanalara geçirende iki tarapyň bähbitleri gabat gelýär. Mysal üçin, «Motorda» korporasiýasy Hytaýda elektronika sferasy bilen baglanyşykly 18 sany YBTKY merkezini ýola goýdy. Bu merkezler «Motorolanyň» Hytaýda öndürýan harytlarynyň bäsleşik ukybyny ýokarlandyrmak bilen bir hatarda hytaýly firmalaryň hem täze tehnologiýalary ele almagyna mümkinçilik berýär.

Soňky ýyllarda TMK-laryň maýa goýum strategiýasynda transserhet goşulyp-garylma meýli ýüze çykdy. Netijede, maýa goýumlar milliligini ýitirip başlady. Şeýle strategiýa örän netijeli bolup çykdy. 1980-nji ýyldan şu asyryň başlaryna çenli TMK-laryň maýa goýum işjeňligi 7 esse ýokarlandy.

TMK-laryň häzirki zaman strategiýalarynyň biri halkara strategiki hyzmatdaşlygy giňeltmek has-da dürli döwletleriň korporasiýalary bilen birleşip, alýanslary döretmekdir. Şeýle birleşmeleriň sany 5 müňe golaýdyr. Döredilen alýanslaryň maksady-ylmy gurbaty birleşdirmek, YTP-niň gazananlaryny önümçilige çalt ornaşdyrmak, bahalaryň we töwekgelçiligiň derejesini peseltmekden ybaratdyr.

## 14.4. TMK-laryň häzirki zaman taktikasy

Baş kompaniýa daşary ýurtlardaky şahamçalarynyň işini meýilnamalaşdyrma, seljerme we gözegçiligiň üsti arkaly dolandyrýar.

Meýilnamalaşdyrma baş kompaniýa bilen şahamçanyň bilelikde gatnaşmagynda düzülýär we tassyklanylýar. Meýilnama, şahamçalaryň bir ýylyň dowamynda etmeli işleriniň jemi bolup çykyş edýär. Meýilnama satuwyň göwrümi, şahamçanyň ýerli bazardaky paýy ýaly möhüm görkezijileri özünde jemleýär.

Baş kompaniýa daşary ýurtdaky şahamçalaryň işine seljermäni buhgalteriýa we beýleki hasabatlaryň üsti arkaly amala aşyrýar. Şahamçanyň ululygyna baglylykda dürli hasabatlar

ştab-kwartira gümrük, hepdelik, aýlyk, çärýeklik, ýarym ýyllyk we ýyllyk hasabatlar ugradylýar.

Daşary ýurtdaky şahamçalara köptaraplaýyn gözegçilik edilýär. Gözegçiligiň derejesi öz ýurdundaky şahamçalardan has ýokarydyr. Baş kompaniýa daşary ýurtdaky şahamçalaryň maliýe, ýerleşdiriş, satyn alyş, YBTKJ işlerine ýokary derejede, harytlaryň we hyzmatlaryň assortimenti, marketing ýaly işlerine pesräk derejede gözegçilik edýär.

TMK-laryň daşary ýurtdaky şahamçalara bäş ballyk ulgam boýunça gözegçilik edýär. Gözegçiligiň ballyk ortaça işgärler – 3,3, maliýe – 3,4,2, ýerleşdiriş we satyn alyş – 2,95, YBTKI – 2,8, önümçilik – 2,4, marketing – 2,3, balla deňdir.

Gözegçiligiň derejesinden görnüşi ýaly, baş kompaniýa şahamçalaryň işgär we maliýe ýagdaýyna has güýçli gözegçilik edýär. Onuň esasy maksady maliye serişdelerini merkezleşdirmek bilen baglanyşyklydyr.

TMK-laryň umumy işinde özbaşdaklyga ýykgyn edilýän hem bolsa, onuň maliýe serişdelerini merkezleşdirmek meýli hem barha güýçlenýär. Bu ýagdaý birnäçe sebäplerden gelip çykýar.Ol sebäplere aşakdakylar degişlidir:

– maliýe serişdeleriniň merkezleşdirilmegi TMK-lara serişdeleri bir ýere jemlemegine, gerekli ugra gönükdirmegine pes göterim bilen beýleki şahamça karz bermegine mümkinçilik berýär;
– TMK-laryň öz içindäki maliýe amallarynyň ýitgi töwekgelçiliginiň peselmegine getirýär, ýagny şahamçalaryň bir-birine bergidar bolmagy, başga bir kompaniýa bergili bolanyndan amatlydyr.

TMK-laryň öz içindäki pul akymlary hem merkezleşdirilýär. Pul akymlarynyň firma içre guramaçylygy şeýle çemeleşmeler arkaly alnyp barylýar;

– şahamçalar gelip gowuşýan pullar we tölegler barada gündelik maglumat ugradýarlar;
– bu maglumatlaryň esasynda her şahamçanyň maliýe ýagdaýyna baha berilýär. Munuň özi karz serişdeleriniň çekilişini pese düşürmäge mümkinçilik berýär;
– şahamçalar artykmaç serişdelerini baş kompaniýanyň hasabyna geçirmäge borçludyr. Bu ýagdaý TMK-nyň dolanyşyk kapitalynyň rejeli peýdalanylmagyna alyp barýar;
– şahamçalaryň merkezleşdirilen serişdeleri olara girdeji getirýär. Netijede, serişdeleriň merkezleşdirilmegi bilen şahamça hem gyzyklanýar;
– şahamçalar pesinden bir aý öňünden gerek bolan pul serişdeleri barada baş kompaniýany habarly edýärler. Mu-

nuň özi baş kompaniýa maliýe serişdelerini gerekli ugra gönükdirmek barada bellibir karara gelmegine mümkinçilik berýär.

Eger-de şahamçanyň ýerleşýän ýurdunyň walýuta kanunçylygy pul akymlarynyň merkezleşdirilişine goşulyşýan (mysal üçin, daşary ýurtdan karz almagy çäklendirýän) bolsa ýa-da serhetden daşyna çykarylýan peýda salgyt salýan bolsa, onda TMK-lar bu ýagdaýdan çykmak üçin aşakdaky usullary peýdalanýarlar:

– şahamçanyň baş kompaniýanyň adyndan harytlaryň, hyzmatlaryň bahasynyň ýokarlandyrylmagy ýa-da peseldilmegi;
– firma içre karzlaryň ýokary göterim X (ýagny, şahamçadan puly alyp gaçmak üçin) ýa-da pes göterim bilen berilmegi (şahamçany subsidirlemek üçin);
– firma içre ätiýaçlandyrma şahamçanyň puluny almak üçin alnyp barylýan usullaryň biridir. Munuň üçin baş kompaniýalar özleriniň ofşor zonasyny (iňlisçe captive insurance company) döredýär. Ätiýaçlandyryş kompaniýa has köp pul almak üçin şahamçalaryň emlägini we alyp barýan işlerini mümkin boldugyça ätiýaçlandyrmaga çalyşýar.

Walýuta töwekgelçilikleri (esasan walýuta kursy bilen baglanyşykly) TMK-laryň strategiýasynda we taktikasynda möhüm orny eýeleýär. Töwekgelçilikler üç görnüşde bolup, maliýe hasabatlarynyň konsolidasiýasynda, şertnamalarda we ykdysady amallarda ýüze çykýar.

Maliýe hasabatynyň konsolidasiýa töwekgelçiligi baş kompaniýa bilen şahamçanyň öz işlerini dürli walýutada alyp barýandyklary bilen baglanyşyklydyr. Walýutalaryň kursunyň üýtgemegi utuşa ýa-da ýitgi çekilmegine getirýär. Şonuň üçin baş kompaniýa umumy maliýe hasabatyny düzende birnäçe usullardan peýdalanýar. Olara hasabatyň düzülen wagtyndaky kurs, ýylyň başyndaky kurs we ş.m. degişlidir.

Şertnama walýuta töwekgelçiligi ylalaşygyň baglaşylan we tölegiň tölenen wagtynyň arasyndaky kurs üýtgemesi bilen baglanyşyklydyr. Şeýle walýuta töwekgelçilikleri gysga häsiýetli bolup, ony peseltmek üçin birnäçe usullar peýdalanylýar. Olaryň ilkinjisi walýuta hedžirowaniýesidir. Ol ylalaşyga laýyklykda ozalky kurs boýunça tölenilýar. Ilkinji usul şertnamada görkezilen walýuta kursy, üçünji amallary ýeke-täk walýutada alyp barmak, dördünji usul bolsa şahamçalaryň özbaşdak töleg işlerini azaldyp, baş kompaniýa tarapyndan tölemek degişlidir.

Ykdysady amallardaky walýuta töwekgelçiligi ýurduň maliýe ýag-

daýynyň ýaramazlaşmagy, milli walýutanyň dewalwasiýa uçramagy bilen baglanyşyklydyr. Bu ýagdaý daşary yurt kapitalynyň çekilişini höweslendirse-de, söwda amallarynda kynçylyk döredýär. Ýokardaky görkezilen usullar hem bu ýagdaýy gowşadyp bilmeýär.

Daşary ýurtdaky şahamçalar ykdysady amallarynda üç görnüşli amallary ulanýarlar. Olara ýerli, dünýä we geçirilýän bahalar degişlidir. Ýerli bahalar şahamça öz hereket edýän ýurdunda harytlary we hyzmatlary ýerleşdirende ulanylýar. Dünýä bahalary daşary amallarda peýdalanylýar. Geçirilýän bahalar TMK-lar tarapyndan sazlaşdyrylýan bahalar bolup, ol kompaniýanyň bir kärhanasyndan beýleki kärhanasyna harytlar satylanda peýdalanylýar. Olara esasan ýarym fabrikatlar, ýagny, aralyk harytlaryň bahalary degişlidir. Netijede, TMK-laryň öz içerki bazary emele gelýär. Içerki bazar baş kompaniýa tarapyndan sazlaşdyrylyp, onuň düzümine girýän önümçilikler halkaralaşýar. Şeýle halkaralaşan önümçilikleriň arasynda geçirilýän bahalar hereket edýär. Ykdysadyýetleriň açyklyk salgyt derejesiniň dürli bolmagy, TMK-laryň geçirilýän bahalarynyň harajatlarynyň ýokarlanmagyna, netijede harytlaryň bahasynyň artmagyna getirýär. Şonuň üçin, TMK-lar öz global bazaryny emele getirýärler. Bu bazaryň düzümindäki kärhanalar dünýä bahasyndan dälde, içerki bahalar boýunça alyş-çalyş edýärler. Geçirilýän bahalar TMK-lara aşakdaky artykmaçlyklary döredýär:

– Bäsleşik üçin pes bahalary döretmek. Haýsy bazarda bäsleşik has güýçli bolsa TMK-lar şahamçalaryň üsti bilen harytlaryň bahalarynyň peseldilmegini gazanýarlar.
– Täze şahamçalary goldamak. Ugradylýan harydy pes, yzyna satyn alynýan harydy ýokary bahalardan satyn alýar.
– Gümrük salgytlarynyň möçberi. Şahamçalara ugradylýan we olardan getirilýän harytlar pes gümrük salgytlar arkaly, harytdan alynýan gümrük serişdelerini tygşytlaýar.
– Pul serişdelerini geçirmek. Dürli ýurtda dürli bahalaryň hereket etmegi bilen, haýsy ýurtda has artykmaç ykdysady amallar dörese, baş kompaniýa şahamça goşmaça serişdeleri goýberýär.
– TMK-laryň çärelerinde pes salgytlaryň tölenilmegi. Munuň üçin TMK-lar peýda pes salgyt salynýan döwletlerde we territoriýada söwda geleşigini baglaşýarlar.

Ösen döwletlerde salgyt kanunçylygy arkaly geçirilýän bahalara güýçli gözegçilik ýola goýulýar. Olaryň dünýä bahalary bilen gabat gelmegi ugrunda iş alyp barýarlar. Ösüp gelýän we geçiş häsiýetli ýurtlardan getirilýän we çykarylýan haryt-

15. Sargyt № 1094.

lara ýokary gümrük salgytlary bellenilýär. Munuň özi aralyk harytlaryň bahasynyň ýokarlanmagyna mümkinçilik döredýär. Ösen ýurtlaryň daşary ykdysady gatnaşyklary liberal häsiýete eýedir. Şonuň üçin geçirilýän bahalara salgyt salmagyň halkara tejribesi özleşdirilýär.

# XV BAP
# HALKARA YKDYSADY GURAMALAR

## 15.1. Halkara ykdysady guramalar dünýä hojalygynyň subýektidir

Önümçilik işiniň halkaralaşmasynyň güýçlenmegi hojalygara gatnaşyklary çylşyrymlaşdyrýar. Netijede, hojalygara gatnaşyklary sazlaşdyrmak meselesi ýüze çykýar. Bu meseleler dünýä jemgyýetiniň hemişe üns merkezinde bolmagyny we çalt çözülmegini talap edýär. Bu ýagdaý öz gezeginde dünýä hojalygynda ýüze çykýan meseleleriň ylmy taýdan öwrenilmegini, onuň institutlaşdyrylmagyny we köptaraplaýyn sazlaşdyrylmagyna getirýär. Dünýä hojalyk gatnaşyklaryny sazlaşdyrýan institutlara başgaça halkara ykdysady guramalar diýilýär.

Halkara ykdysady guramalar dünýä hojalyk gatnaşyklarynda ýüze çykýan dürli meselelere seljerme bermek, ara alyp maslahatlaşmak üçin halkara şertnamasy ýa-da ozaldan hereket edýän guramanyň karary esasynda döredilen guramalardyr. HYG iki kategoriýa bölünýär – halkara hökümet (döwletara) we halkara hökümet däl ykdysady guramalar. Olaryň birinjisi, döwletara ylalaşyklaryň esasynda döredilip, halkara hukugynyň subýekti çykyş edýär. Ikinji, dürli döwletleriň ýuridiki we fiziki taraplarynyň birleşmesi esasynda döredilip, halkara hukugynyň subýekti bolup çykyş etmeýär.

Dünýä hojalyk gatnaşyklaryny sazlaşdyrmakda döwletara ykdysady guramalaryň ähmiýeti örän ýokarydyr. Şol bir wagtyň özünde hökümet däl halkara guramalarynyň sany hem barha ýokarlanýar.

HYG dünýä hojalygyndaky sazlaşdyryjy orny aşakdaky düzgünleriň esasynda amala aşyrýar:

– döwletler we hojalyk subýektleri üçin kadalaşdyryjy düzgünleri işläp düzmek we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek. Bu normalar halkara şertnamalar,

konwensiýalar we borçnamalar (gol çekileninden we ratifikasiýa edileninden soňra) görnüşinde kabul edilýär. HYG düzgünleri esasan maslahat berijilik häsiýete eýe bolup, döwletleriň içerki ykdysady-sosial syýasatyna goşulmaýar. Umuman, döwletler HYG-niň düzgünlerini ýerine ýetirmegi ýuridiki taýdan borçlanmaýarlar.

– global problemalaryň barha ösmegi olaryň çözülmegi üçin çäreleriň, işleriň işlenip düzülmegini talap edýär;
– ösüp gelýän döwetlere ykdysady, tehniki we gumanitar kömekleri bermegiň esasy çeşmesi bolup çykyş edýär. Şol bir wagtyň özünde bölünip berlen serişdeleriň paýlanylmagyny üpjün edýär. Mysal üçin, BMG «ykdysady we sosial ösüş maksatnamasyna» laýyklykda ösüp gelýän döwletlere her ýyl 6 milliard dollar serişde harçlanýar;
– dünýä ykdysadyýetinde senagat önümçiliginiň, oba hojalygynyň, halkara söwdanyň, halkara ylmy-tehniki hyzmatdaşlygyň, halkara maliýe gatnaşyklarynyň we beýleki köp ugurly gatnaşyklaryň utgaşdyryjysynyň (koorporasiýasy) wezipesini ýerine ýetirýär. Mysal üçin, BMG senagatlaşma maksatnamasy boýunça Latyn Amerikasy we Karib basseýni, arap ýurtlary üçin, Aziýa, Ýuwaş umman sebiti üçin birnäçe senagat maksatnamalary alyp barýar;
– halkara bank we karz işlerine gatnaşýar, olaryň üstüni doldurýar. Şeýlelikde, walýutalaryň durnukly bolmagyna, dünýä walýuta ulgamynyň pugtalaşmagyna getirýän işleri alyp barýar;
– ykdysady we sosial ugurlar boýunça örän uly maglumat işlerini amala aşyrýar. HYG-niň seljermeleri, dokladlary, barlaglary dünýä ykdysadyýetiniň ösüş meýiline göz ýetirmäge mümkinçilik berýär. Şonuň üçin bu guramalar döwletleriň alyp barýan makroykdysady syýasatlaryna aýratyn üns berýärler. Şeýle hem HYG-ler we hojalyklar, dünýä söwdasy, dünýä problemalary we başga-da köp sanly ugurlar boýunça maglumat toplamagyň, olary köpçülikleýin ýaýratmagyň ýeke-täk çeşmesi bolup çykyş edýär;
– ykdysady we sosial meseleler boýunça gepleşikleri alyp barmak dürli şertleri döredýär. Bu şertler taraplar üçin üznüksiz häsiýete eýe bolup, olar halkara dartgynlyklar ýa-da diplomatik gatnaşyklar

bozulan ýagdaýynda hem dowam edýär.

Umuman, HYG-niň dünýä hojalygynda ýüze çykýan meseleleri sazlaşdyrmakda köp ugurly işleri, çäreleri, maksatnamalary amala aşyrýar.

HYG-niň alyp barýan işi we guramaçylyk ýörelgeleri boýunça iki sany klassifikasiýa bermek bolar. Guramaçylyk ýörelgesi boýunça BMG-niň ulgamyna degişlidigi ýa-da degişli däldigi bilen baglanyşyklydyr. Şeýle nukdaýnazardan HYG üç sany topara bölünýär.

1) BMG-niň ulgamyna girýän we onuň bilen baglanyşykly HYG-ler;
2) BMG-niň ulgamyna girýän we onuň bilen baglanyşygy bolmadyk HYG;
3) Sebitleýin ykdysady guramalar.

Birinji toparda esasy orny BMG--niň Baş Assambleýasy (United Nations General Assembly) eýeleýär. Ol BMG-niň Düzgünnamasyna laýyklykda islendik meselä seredýän baş edarasydyr. Baş Assambleýa dünýä problemalary boýunça rezolýusiýalary we konwensiýalary kabul edýär. Baş Assambleýa tarapyndan dünýä problemalaryna seljerme bermek üçin birnäçe edaralar döredildi. Olaryň içinde has ähmiýetlileriniň biri «ykdysady we maliýe meseleleri baradaky komiteti» çykyş edýär. Ol Baş Assambleýa üçin bu meseleler boýunça rezolýusiýalary we hödürnamalary taýýarlaýar. Baş Assambleýanyň şeýle edaralarynyň biri hem BMG-niň halkara söwda hukugy boýunça komitet (UNCommission on International Komitet Law-UNICITRAL) çykyş edýär. Onuň alyp barýan işi halkara söwdasynyň düzgünlerini bütewüleşdirmekden we sazlaşdyrmakdan ybaratdyr. Ykdysady we sosial geňeşi (Economik and Social Concil-ECOSOC) BMG-niň düzümine girýän HYG-niň içinde ähmiýeti boýunça ikinji orunda durýar. Ol BMG-niň Duzgünnamasynyň «Halkara ykdysady hyzmatdaşlyk» atly IX başyna gönüden-göni jogapkärçilik çekýär. Ol BMG-niň ykdysady we sosial ugurlardaky strategiýasyny amala aşyrýar. EKOCOC-yň düzümine alty sany wezipeli komissiýalar (sosial ösüş boýunça, narkotiki serişdeler boýunça, ösüş hereketi boýunça, statistika we TMK boýunça); bäş sany sebitleýin komissiýalar (Ýewropa üçin, Aziýa we Ýuwaş umman döwletleri üçin, Afrika üçin, Latyn Amerikasy we Karib basseýni üçin, Günbatar Aziýa üçin); iki sany hemişelik komiteti (meýilnamalaşdyrmak we utgaşdyrmak hem-de hökümet däl edaralar üçin); ýedi ekspertler edaralary (şol sanda, salgyt salmak, ykdysady, sosial, medeni we beýleki halkara problemalary boýunça) hereket edýär.

BMG-niň ulgamyndaky HYG-niň içine Baş Sekretariat (UN Sekretariat), 7 fond, BMG-niň meýilnama we iş edarasy, şeýle hem 17 sany ýöriteleşdirilen, 5 sany awtonom guramalar

girýär. BMG-niň fondlaryna meýilnama we iş edaralaryna – maýa goýumlaryň ösüş fondy (UN Capital Development Fund – UNCDE) diýlip atlandyrylýar. Ol ösüp gelýän ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmek, olara goşmaça maliýe çeşmelerini emele getirmek üçin döredildi. BMG-niň ösüş Maksatnamasy (UND Development Programme – UNDP) tehniki kömegi maliýeleşdirilýär. Töwerekdäki sreda boýunça Maksatnama (UN Enviroment Programme – UNEP) – tebigaty we daşky sredany goramakda halkara hyzmatdaşlygy güýçlendirmek boýunça döredilendir.

BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralaryna Bütindünýä intellektual eýeçiik guramasy (World Intellektual Property Organization – WIPO), Halkara zähmet guramasy (International Lapour Organization ILO), Azyk we oba hojalyk guramasy (Food and Agricultural Organization), Senagat taýdan ösüş boýunça (UN Industrial Develop,ent Organization UNIDO), Bütindünýä bank topary (World Bank Group) degişlidir.

BMG-niň awtonom guramalaryna ýörite ylalaşykly, özara baglanyşykly, onuň utgaşdyrmasy esasynda öz işini alyp barýan institutlar degişlidir. Olara mysal hökmünde, Bütindünýä söwda guramasyny (World Trade Organization – WTO), Atom energiýasy boýunça halkara agentligi (International Atomic Energy Agency – IAEA) degişlidir.

BMG-niň ulgamyna girmeýän, onuň bilen baglanyşygy bolmadyk HYG toparyna gönüden-göni ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş Guramasy (YHOG), ýagny (organization for Economic Cooperation and Development – OECD) degişlidir. Onuň düzümine 30 sany ösen döwletler girýär. Onuň esasy maksady ykdysady maglumatlary ýygnamak we seljerme bermek, şeýle hem ösüp gelýän ýurtlara kömek bermekden ybaratdyr. YHÖG-niň düzümine 20 sany ýöriteleşdirilen we birnäçe halkara awtonom guramalar girýär. Şeýle guramalaryň Halkara Energiýa Agentligi (International Energy Agency – IEA) degişlidir. Bu gurama agza döwletleriň energiýa syýasatlaryny utgaşdyrmak we energiýanyň täze çeşmelerini döretmek bilen baglanyşyklydyr.

Sebitleýin ykdysady guramalar tarapyna BMG bilen baglanyşygy bolmadyk, sebitleýin derejede hereket edýän ähli ykdysady guramalar degişlidir. Şeýle guramalaryň anyk mysalyna Aziýa ösüş banky, Afrika ösüş banky degişlidir.

Halkara ykdysady guramalaryň ikijni klassifikasiýasy olaryň alyp barýan işleri boýunça emele gelýär. Şu nukdaýnazardan HYG-ni dört topara bölmek bolar:

1) Halkara ykdysady guramalar;
2) Halkara maliýe guramalar;
3) Halkara söwda guramalar;
4) beýleki halkara ykdysady guramlar degişlidir.

Bu klassifikasiýanyň birinji toparyna ähli ykdysady komissiýalar, şeýle-de YHÖG degişlidir.

Ikinji topary. Halkara pul gaznasy (International Monetary Fund-IHF), Bütindünýä topary (World Bnk Group – WBG), maýa goýumlara kepillik boýunça köptaraply agentlik (Miltilateral Investment Guarantee Agency – MIGA), jedelli maýa goýumlary sazlaşdyrmak boýunça Halkara merkez (International Centre for settlement of Investment Disputes – ICSID), halkara hasaplaşyklar banky (Bank for International Settlement – BIS) emele getirýärler.

Üçünji topar öz düzümine Bütindünýä söwda guramasyny, BMG-niň söwda we ösüş boýunça konferensiýasyny (IUN Conference on Trade and Development – UNCTAD), Halkara gümrük guramasyny (International Customs Organization – ICO) we Halkara söwda palatasyny birleşdirýär.

Dördünji topara sebitleýin HYG-niň ählisi degişlidir. Olara BMG-niň bäş sany sebitleyin komissiýasy mysal bolup biler. Şeýle hem bu topara telekeçileriň ykdysady, maliýe, hukuk we beýleki meseleler boýunça döreden halkara birleşmeleri degişlidir.

Klassifikasiýalaryň mazmunyna laýyklykda guramaçylyga garanyňda alyp barýan işi boýunça ýörelgesi has düşnüklidir. Şonuň üçin bu temanyň dowamynda ikinji klassifikasiýa we ondan gelip çykýan dört sany topara ýykgyn edilýär.

## 15.2. Halkara maliýe guramalary

Halkara maliýe guramalary – halkara hyzmatdaşlygy maliýeleşdirmek, halkara karzlaşdyrma, ösüp gelýän we geçiş häsiýetli ýurtlar dürli taslamalary ýerine ýetirmek ýa-da ony maliýeleşdirmek bilen meşgullanýarlar.

Maliýe guramalarynyň halkara ulgamynda brettonwud institutlary ähmiýetli orny eýeleýärler. Olara Halkara Pul Gaznasy (HPG) we Bütindünýä Banky (BB) degişlidir. Bu guramalar 1944-nji ýylda ABŞ-nyň Bretton-Wod şäherinde täze dünýä walýuta ulgamy bilen baglanyşykly geçirilen halkara konferensiýasynyň karary bilen döredildi. Bu guramalar, aýratyn-da HPG dünýä walýuta-maliýe durnuklylygyny üpjün etmekde örän uly işleri alyp barýar. Bu rol globallaşma zamanasynda has ýokarlandy. Maliýe resurslarynyň halkara hereketiniň çaltlaşmagy, maliýe sektorynyň hakyky sektora öwrülişiniň güýçlenmegi HPG-niň ähmiýetini barha artdyrýar. 1980-nji ýyllarda bu guramalara «Waşington konsessusy» diýlip at berildi. Sebäbi bu guramalaryň döredilmeginde has işjeňlik görkezen amerikalylardy. «Waşington

konsessus» ylalaşygyna laýyklykda halkara maliýe guramalarynyň esasy wezipesi milli ykdysadyýetleriň we dünýä hojalygynyň ykdysady ösüşini üpjün etmekden ybaratdyr. Munuň üçin döwletleriň maliýe ulgamyny sagdynlaşdyrmak, makroykdysady durnuklylyk, daşary ykdysady gatnaşyklaryň liberallaşmagy, hususylaşdyrma ýaly, şertleri ýerine ýetirmek zerurdyr. 1990-njy ýyllarda ozalky sosialistik ýurtlarda «Halkara maliýe guramalary» maliýe serişdelerini bermek, makroykdysady durnuklylygy üpjün etmek, ykdysadyýeti täzeden guramakda uly kömek etdiler.

Soňky ýyllarda «Waşington konsessus» düzgünnamasynyň ozalky sosialistik we ösüp gelýän ýurtlaryň bähbitlerine hemişe gabat gelip durmaýandygy ýüze çykdy. Döwletlerde we sebitlerde häli-şindi ýüze çykýan maliýe krizisleri «Waşington konsessusynyň» ýolbaşçylygyndaky halkara maliýe guramalarynyň ukypsyzdygyny açyk görkezdi. Maliýe serişdeleriniň halkara hereketiniň durnuklylygyny üpjün edip bilmezlik, dünýä maliýe ulgamynda dürli krizisleriň ýüze çykmagyna getirdi. Aýratyn-da 1997–1999-njy ýyllardaky Aziýa maliýe krizisi has agyr geçdi.

1990-njy ýyllaryň ahyrynda postwaşington ideýasy öňe sürlüp başlandy. Onuň esasy ideýalary Nobel baýragynyň laureaty BB-niň wise-prezidenti bolan Jozef Stiglis tarapyndan işlenilip düzüldi. Postwaşington konsessusy ozalky ylalaşygyň binýadynda bolup, ösüş üçin täze ugurlary we gurallary teklip edýär. Postwaşington konsessiýasy ylalaşygynyň maksady diňe bir ykdysady ösüş bolman, ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak, iş bilen üpjünçilik, daşary sredany goramak, girdejileri deňeçer paýlamak we jemgyýetiň demokratiýalaşmagy bilen baglanyşyklydyr. Munuň üçin ykdysady ösüşi gazanmalydyr. Waşington konsessusyndan tapawutlylykda diňe bir önümçilik maliýe ulgamyny sagdynlaşdyrmak bilen çäklenmän, döwletlerde dürli maliýe ulgamyny sazlaşdyrmak «adam kapitalyny» emele getirmek, täze tehnologiýalara maýa goýmak, bäsleşigi güýçlendirmek ýaly ugurlary maliýeleşdirýär, degerli maslahatlary we teklipleri berýär. Postwaşington konsessusynyň esasy ileri tutulýan ugurlarynyň emele gelme prosesi dowam edýär.

### 15.2.1. Halkara pul gaznasy (HPG)

HPG BMG-niň ýöriteleşdirilen guramalarynyň biri bolup, onuň 190-a golaý agzasy bardyr. Türkmenistan hem HPG-niň agzasydyr.

HPG-niň ýokary edarasy dolandyryjylar Geňeşinden ybaratdyr. Agza döwletleriň hersiniň bir wekili bolýar. Geňeş 24 direktordan ybarat bolup, olaryň 7-si HPG-niň ustaw gaznasyny döredәji ýurtlar (ABŞ, Ýaponiýa, Germaniýa, Angliýa, Fransiýa, Hytaý, Saud Arabystany) tarapyndan bellenilýär. Galan 17 direktor dolandyryjylar Geneşi tarapyndan sebitleýin wekilçilik esasynda beýleki agzalardan bellenilýär.

HPG-niň esasy işi agza döwletleriň milli ykdysady syýasatlarynyň netijeliligini gazanyp, dünýä ykdysadyýetiniň ösüşini we durnuklylygyny ýola goýmakdan ybaratdyr. Şunuň bilen baglanyşyklylykda HPG-niň wezipesine aşakdakylar girýär:

– Dünýäniň ykdysady we maliýe ýagdaýyny gözden geçirmek we krizis şertlerinde dürli maslahatlary bermek.
– Karzlary bermek, olarda býujet defisitini aradan aýyrmak, garyplygyň derejesini peseltmek, bergilerini üzmek üçin berilýän ýeňillikli karzlar.
– Tehniki kömekleri bermek.

HPG-niň maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup döwletleriň agzalyk tölegi (Wznos) gaýtarylan karzlar we göterimler çykyş edýär. Döwletler HPG-e girende onuň ustaw gaznasyndaky paýy kesgitlenilýär. Paýyň möçberi döwletleriň dünýä ykdysadyýetindäki tutýan orny bilen baglanyşykly kesgitlenilýär. HPG-niň ustaw gaznasynda iň uly paý ABŞ-nyň iň pes paý bolan döwletine degişlidir.

2.2.2. Bütindünýä banky topary.

Bütindünýä banky topary BMG-niň düzümine girýär we onuň bilen berk baglanyşykly 5 sany guramadan ybaratdyr. Olaryň umumy maksady döwletlere, aýratyn-da ösüp gelýän ýurtlara dürli ykdysady kömekleri bermekden ybaratdyr. Bütindünýä banky toparyna girýän guramalar aşakdakylardan ybaratdyr.

1. Bütindünýä banky – (World Bank), resminamalarda Bütindünýä ösüş we özgerdiş banky diýlip atlandyrylýar. (International Bank for Reconstruction and Development) 1945-nji ýylda ösüp gelýän döwletlere zaýomlary bermek maksady bilen döredildi.
2. Halkara ösüş assosiýasy (International Development Association–IDA) 1960-njy ýylda ösüp gelýän garyp döwletlere göterimsiz zaýomlary bermek üçin döredildi.
3. Halkara maliýe korporasiýasy (International Financ Corporation IFC) 1956-njy ýylda ösüp gelýän döwletlerde hususy sektory goldamak maksady bilen döredildi.
4. Maýa goýumlara kepillik boýunça. Köptaraplaýyn agentlik (Multilateral Investment Guarantee Agency –

MIGA), 1988-nji ýylda ösüp gelýän döwletlere daşary ýurt maýasynyň çekilişini goldamak üçin, täjirçilik işlerinde ýüze çykýan töwekgelçiliklerden goramak maksady bilen döredildi.

5. Jedelli maýa goýumlary sazlaşdyrmak boýunça. Halkara merkez – (International Centre for Selttlement of Investment Disputes ICSID) 1966-njy ýylda maýa goýumlar bilen hökümetleriň arasyndaky düşünişmezlikleri sazlaşdyrmakda kömek bermek maksady bilen döredildi.

## 15.2.2. Bütindünýä banky

Bütindünýä banky toparynyň içinde esasy gurama bolup Bütindünýä banky çykyş edýär. Ol BMG-niň ýöriteleşdirilen guramalarynyň biridir. Ýöne, olaryň arasyndaky ylalaşyga laýyklykda garaşsyz halkara gurama bolup çykyş edýär.

BB-niň düzgünnamasyna laýyklykda HPG-niň agzasy bolan döwletler onuň düzümine kabul edilýär. Häzirki wagtda BB-niň 190-na golaý agzasy bar. Türkmenistan BB-niň agzalygyna 1992-nji ýylda kabul edildi. BB-niň iri paýdary ABŞ bolup, onuň paýyna sesleriň 16,4%-i düşýär. Şeýle hem Ýaponiýanyň 7,87%, Germaniýanyň 4,49%, Angliýanyň 4,31%, Fransiýanyň 4,31%, Russiýanyň 1,8% paýy bardyr. BB-niň düzgünnamalaýyn maýasy 180 milliard dollardan geçýär. Bankyň serişdeleri agzalyk töleglerinden, dünýä döwletleriniň obligasiýalaryny satmakdan, gaýtarylan karzlardan we tölenen göterimlerden emele gelýär.

BB-niň ýokary edarasy dolandyryjylar Geňeşidir. Agza döwletleriň hersiniň bir wekili bolýar. Bankyň ýerine ýetiriji edarasy direktorat bolup, ol 24 sany direktor paýlaýjydan ybaratdyr. Olaryň 5-si has köp paýa eýe bolan döwletleriňki bolup, galan 19-sy beýleki agza döwletlerden saýlanylýar. Direktorat işjeň ýolbaşçylyk etmek üçin, bankyň prezidentini saýlaýar.

BB-niň esasy wezipesi bolup, agza döwletlerde ykdysady ösüşi, halkara söwdany we sosial ösüşi höweslendirmek çykyş edýär. Bu meseleler agza döwletleriň zaýomlaryny gönükdirmek arkaly amala aşyrylýar.

BB 20 ýyla çenli pes göterimli karzlary goýberýär. Onuň 3–5 ýyly ýeňillikli döwür bolup, diňe karzyň gö-

terimi tölenilýär. Berginiň esasy bölegi ýeňillikli döwür tamamlanandan soň tölenip başlanýar. BB-niň karzyny esasy alyjylar bolup, girdejisi orta derejedäki ösüp gelýän döwletler çykyş edýär.

BB-niň zaýomlarynyň iki görnüşi bolup, birinjisi maýa goýum zaýomlary (investment loans), ikinjisi düzümleýin uýgunlaşma zaýomlary (a d justment loans) degişlidir. Olaryň birinjisi ösüş syýasaty zaýomlary (development policy loans) bolup, ykdysady we sosial sferadaky anyk taslamalar maliýeleşdirilýär. Adatça bankyň serişdeleri bilen önümçilik infrastrukturasy (ulag, energetika) maliýeleşdirilýär. Soňky ýyllarda maýa goýum zaýomlary sosial meselelere gönükdirilip başlandy. Olara saglygy goraýyş, bilim, maşgalany meýilnamalaşdyrmak, garyplygy ýok etmek ýaly, taslamalar degişlidir.

Düzümleýin uýgunlaşma zaýomlary agza döwletleriň ylalaşygynyň çäklerinde ykdysady özgertmeleri geçirmek (mysal üçin, bazar ykdysadyýetinde geçirmek) we onuň sosial netijelerini azaltmak üçin goýberilýär. Düzümleýin uýgunlaşdyrma zaýomy ösüş syýasaty zaýomyndan tapawutlylykda döwletler alnan karzlary ýerleşdirmek işlerini doly öz garamagyna alyp bilýär we alan serişdeleriniň goýberilen ugurlary boýunça jogapkärçilik çekmeýär.

BB-niň zaýomlarynyň ýyllyk aýlanyşygy 11 milliard dollardan geçýär. Umumy zaýomlaryň 75–80%-i maýa goýum zaýomlaryna degişlidir.

2.2.4. Halkara ösüş assosiasiýasy (HÖA)

HÖA BB-niň düzümine girýän, BMG-niň ýöriteleşdirilen guramalarynyň biridir. BB-niň Prezidenti, direktoraty we dolandyryjylar Geňeşi HÖA-da edil şol wezipäni ýerine ýetirýärler. HÖA-nyň häzirki wagtda 165 agzasy bardyr.

HÖA garyp döwletlere kömek bermek maksady bilen döredildi. Käbir ýagdaýlarda geçiş häsiýetli döwletlere hem kömek berilýär. HÖA esasan göterimsiz zaýomlary goýberip, onuň bilen esasan dolandyryş harajatlar maliýeleşdirilýär. Karzyň möhleti 40 ýyla çenli bolup, ýeňillik döwri 10 ýyldyr. HÖA maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup, BB-niň peýdasy bolup, agzalyk tölegler, gaýtarylan zaýomlar çykyş edýär.

HÖA-nyň esasy wezipesi bolup, aşakdakylar çykyş edýär:

– Karz alýan döwletlerde ykdysady ösüşi çaltlaşdyrmak, netijeli makroykdysady, pudaklaýyn syýasaty işläp düzmäge ýärdam bermekdir. Berilýän karzlar ilkinji nobatda oba hojalyk etraplaryna we hususy sektora goýberilmelidir.
– Sosial sferany maliýeleşdirmek arkaly, adam kapitalyny emele getirmek, kesellere garşy göreşmek, keseller bejerilenden soň täsirini azaltmak.

– Netijeli dolandyryşy ýokarlandyrmak üçin guramaçylyk-tehniki mümkinçilikleri giňeltmek, korrupsiýa garşy goreş.
– Durnukly ösüş we daşary sredany goramak.
– Ýaragly çaknyşyklaryň öňüni almak.
– Ösüp gelýän döwletleriň özara söwdasyny ösdürmek.

HÖA-nyň berýän kömeklerine mysal hökmünde Ruandanyň uruşdan soňky ykdysadyýetini dikeltmek, Çadda we Eritreýada SPID-e garşy goreş, Hindistanda ählumumy başlangyç bilimi girizmek, Arezbaýjanda oba hojalygy, Täjigistanda fermerçiligi ösdürmek üçin goýberilen karzlary görkezmek bolar. HÖA döredileli bäri 108-den gowrak döwlete 200 milliarddan gowrak karzlary goýberdi.

## 15.2.3. Halkara maliýe korporasiýasy (HMK)

HMK – Bütindünýä banky toparynyň düzümine girýän BMG-niň ýöriteleşdirilen guramasydyr. Onuň ýokary edarasynyň Bütindünýä bankynyň dolandyryjylar geňeşi tarapyndan düzülýär. BB-niň Prezidenti şol birwagtyň özünde HMK-nyň Prezidenti bolup çykyş edýär. BB-niň agzalarynyň 178-si HMK-nyň agzasydyr.

HMK ösüp gelýän we geçiş häsiýetli ýurtlarda paýdar hökmünde hususy sektory maliýeleşdirýär. Ol ösüp gelýän ýurtlaryň hususy kompaniýalaryna tehniki kömegi bermek, wagtlaýyn hem, şeri (partnýor) bolmak bilen, olary zaýomlaryň üsti arkaly maliýeleşdirýär. HMK hökümetiň kepilligi bolmasa-da, hususy kärhanalara 5 ýyldan 15 ýyla çenli adaty täjirçilik şertlerinde karzlary goýberýär. HMK-nyň täjirçilik işlerine maslahat beriş hyzmatlardan, tehniki kömeklerden, maýadarlardan çekilen serişdeler girýär.

HMK-nyň maliýe serişdeleri agzalyk töleglerden we ýerleşdirilen zaýomlardan emele gelýär. Umumy serişdeleriň 80%-i dürli gymmatly kagyzlardan we 20%-i BB-niň zaýomlaryndan ybaratdyr.

HMK-nyň döredileli bäri maliýe serişdeleriniň möçberi 67 milliard dollardan geçdi. Bu serişdeler arkaly 140 sany ýurtda 3 müňden gowrak hususy kompaniýalar maliýeleşdirildi.

## 15.2.4. Maýa goýumlar boýunça köptaraplaýyn agentlik (MGKA)

MGKA – Bütindünýä banky toparynyň düzümine girýän, BMG-niň ýöriteleşdirilen guramasydyr. Onuň ýokary edarasy bolup, BB-niň dolandyryjylar geňeşi çykyş edýär. BB tarapyndan bellenen 2 sany agza direktoratyň işini ýerine ýetirýär. BB-niň Prezidenti MGKA-nyň direktoratynyň başlygydyr. Bu gurama BB-niň düzümine girýän döwletleriň 167-si agzadyr.

MGKA maýadarlary ätiýaçlandyrmanyň üsti arkaly ösüp gelýän ýurtlardaky raýat tolgunyşyklaryndan, walýuta kursunyň üýtgemeginden we ş.m. ýagdaýlardan goramaga çalyşýar. Şonuň üçin onuň ätiýaçlandyryş şertnamasyndaky göteriminiň derejesi 24%-den geçmeýär. MGKA-nyň maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup, agzalyk tölegleri çykyş edýär.

MGKA häzirki wagta çenli 100-e golaý döwletde 800-den gowrak taslamalara kepillik berdi. Berlen kepilleriň umumy möçberi 14 milliard dollardan geçýär.

## 15.2.5. Jedelli maýa goýumlary sazlaşdyrmak boýunça Halkara merkez (JMGSHM)

JMGSHM Bütindünýä banky toparynyň düzümine girýän guramadyr. Onuň ýokary edarasy bolup Administratiw geňeş çykyş edýär. Onda agza döwletleriň hersiniň bir wekili bolýar. Administratiw geňeş BB-niň Prezidenti tarapyndan dolandyrylýar. Bu guramanyň ýörite sekretariaty bolup, onuň harajatlary BB-niň býujeti tarapyndan tölenilýär. Guramanyň 155 agzasy bar.

JMGSHM arbitražyň üsti arkaly jedelli maýa goýumlara seredýär. Guramanyň düzgünnamasyna ikitaraplaýyn maýa goýum ylalaşyklarynyň 900-den gowragy girizilendir. Merkez daşary ýurt maýa goýumlary sazlaşdyrmak boýunça ylmy barlaglary alyp barýar, arbitraž kanunçylyga degişli makalalary we materiallary çap edýär.

## 15.2.6. Halkara hasaplaşyk banky (HHB)

HHB merkezi banklaryň işini gözükdirmek, maliýe sferasynda halkara hyzmatdaşlygy alyp barmak maksady bilen 1930-njy ýylda döredildi. Bu bank halkara maliýe guramalary tarapyndan ilkinji döredilendir. Döredijiler bolup Belgiýanyň, Germaniýanyň, Britaniýanyň, Italiýanyň, Fransiýanyň, Ýaponiýanyň merkezi banklarynyň we ABŞ-nyň Morganyň bankirler öýüniň topary hem-de amerikan täjirçilik banklary topary tarapyndan döredildi. HHB-niň 55 sany ýurduň merkezi banklary guramanyň agzasydyr. Guramanyň ýokary edarasy bolup agza döwletleriň merkezi banklarynyň wekilleriniň umumy ýygnagy çykyş edýär. Dolandyrmak işi 17 sany direktordan we direktorlar geňeşinden ybarat. HHB-ni döredilen 6 sany agzanyň öz wekilini direktor edip saýlamaga haky bardyr. Direktorlar geňeşiniň galan agzalary umumy ýygnakda saýlanylýar. Ýerleşýän ýeri Şweýsariýanyň Bazel şäheridir.

## 15.3. Bütindünýä söwda guramasy (BSG)

BSG – özbaşdak halkara gurama bolup, BMG bilen baglanyşyklydyr. Onuň döreýiş taryhy 1947-nji ýyldan başlaýar. Ösen döwletler söwda we tarifler boýunça baş ylalaşyk paktyna gol çekýärler. Bu ylalaşyk 1948-nji ýyldan hereket edip başlaýar. 1994-nji ýylda onuň düzgünnamasyna düzedişler girizilýär. Olara hyzmatlaryň söwdasy boýunça Baş ylalaşyk we intellektual hususyýetçiligiň hukuk jähtleriniň söwdasy boýunça Baş ylalaşyk degişlidir. Şeýlelikde, bu guramanyň ady Bütindünýä söwda guramasy diýlip üýtgedildi. Täze düzgünnama 1995-nji ýylda hereket edip başlady. Kähalatlarda BSG GATT diýlip hem atlandyrylýar. Çünki, BSG gös-göni GATT-yň mirasdüşeridir.

BSG-niň düzgünine onlarça ylalaşyklar, şertnamalar, kararlar, protokollar, deklorasiýalar girizilip, olar agza döwletleriň hemmesi üçin deň güýçlüdir. GATT-a degişli resminamalar üstüni doldurmalar bilen häzir hem BSG-niň resminamalary bolup hereket edýär. Resminamalaryň agram bölegi agza döwletler tarapyndan ýerine ýetirilmelidir. BSG-niň 150-den gowrak agzasy bolup, ýene-de 30-a

golaý döwlet girmek isleýär. BSG-niň ýerleşdirilen ýeri Ženewa şäheridir.

BSG-niň baş maksady harytlary we hyzmatlary halkara söwdasynyň söwda düzgünleriniň esasynda kämilleşdirmekden we liberallaşdyrmakdan ybaratdyr. Şeýle hem maýa goýumlaryň halkara hereketiniň köptaraplaýyn düzgünlerini işläp düzmek we ony sazlaşdyrmak esasy meseleleriniň biri bolup durýar. Guramaçylygy, hukuk düzgünlerini kämilleşdirmek, üýtgetmek.

BSG aşakda getirilen esasy ýörelgelere esaslanýar:

– Halkara söwdany milli düzgünleri kemsitmezden has oňaýly esasda alyp barmak. Milli düzgünler, gümrük salgytlary, eksport we import ýygymlary, gümrük we salgyt salmagyň usullaryny, ýükleriň resminamalaşdyrylyşyny, daşary ýurt gämilerine we uçarlaryna edilýän hyzmatlary öz içine alýar. Milli düzgünler ilkinji nobatda ýerli öndürijileriň bähbidini araýar.
– Milli öndürijileri gümrük salgytlary ýoly bilen garap, ýuwaş-ýuwaşdan tarif däl çäklendirmeleri aradan aýyrmak. BSG-niň agza döwletleri harytlaryň daşary söwdasyny sazlaşdyrmakda diňe gümrük parçlaryny, salgytlaryny we ýygymlaryny ulanmak barada ylalaşýarlar. Şeýle edilende täjirçilik işleriniň ösmegi, döwletiň goşulyşmasynyň azalmagyna, daşary syýasatyň açyklygyna getirýär. Döwletler şeýle hem salgytlaryň möçberini bir görnüşe getirmek barada hem ylalaşýarlar.
– Köptaraplaýyn gepleşikleriň esasynda gümrük tarifleriniň derejesini peseltmek we ylalaşylmadyk ýagdaýynda onuň ýokarlanmagynyň öňüni almak. Bu ýörelgäni şeýle düşündirmek bolýar, ýagny harytlaryň halkara söwdasynyň giňelmeginde hemme ýurtlar bellibir ugurlarda utuş gazanýarlar. Şonuň üçin gümrük tariflerini peseltmek maksady bilen birnäçe konferensiýalar we gepleşikler raundlary geçirilýär. Häzirki wagta çenli gepleşik raundlaryň onlarçasy geçirildi.
– Söwda problemalaryny sazlamakda döwletlere maslahatlary bermek. BSG agza döwletleriň arasynda ýüze çykýan jedelli, çekişmeli meseleleri özara düşünişmek, şertnamalary we düzgünleri ulanmak ýoly bilen çözmäge çagyrýar. BSG-niň çägindäki jedelli meselelere seredýän mehanizm döwletara mehanizmdir. Jedelleri çöz-

mek üçin döredilen mehanizm – BSG-niň işiniň esasy ugurlarynyň biri bolup, şol ýörelgäniň üsti bilen halkara söwdasy sazlanylýar.

– Ösüp gelýän döwletlere ýeňillikli düzgünleri bermek. Ösen we ösüp gelýän ýurtlarda umumy ýeňillik ulgamy hereket edýär. Umumy ýeňillik ulgamynyň maksady ösen ýurtlar ösüp gelýän ýurtlaryň harytlaryny içerki bazarlaryna goýbermekden ybaratdyr. Ýeňilligiň esasy görnüşi gümrük salgytlaryny peseltmek ýa-da tutuşlygyna aýyrmakdan ybaratdyr. Umumy ýeňillikler ulgamy ösen we ösüp gelýän ýurtlaryň arasyndaky söwda-ykdysady gepleşikleriň netijesi bolmak, ösen döwletler tarapyndan edilýän eglişikdir.

– Sebitleýin söwdalaşyklary baglaşmak. Häzirki wagtda dünýäde 300 töweregi gümrük soýuzlary, erkin söwda zonalary hereket edýär. Netijede, dünýä söwdasynyň 60%-i söwda toparyna girýän ýurtlaryň arasynda alnyp barylýar. BSG-niň düzgünnamasy şeýle toparlary döretmäge mümkinçilik berýär.

BSG-niň ýokary edarasy agza döwletleriň ministrlikleriniň Konferensiýasynda çykyş edýär. Onuň sessiýasy her 2 ýylda 1 gezekden az bolmadyk ýagdaýda geçirilýär. Gündelik işleriniň ýerine ýetirilmegine baş geňeş jogap berýär 8–10 ýyldan onuň düzümine täzeden seredilýär. Baş geňeş jedelli söwdany sazlaşdyrmak boýunça komissiýasynyň we agza döwletleriň söwda syýasatyna gözegçilik Komissiýasynyň ýygnagyny geçirýär. BSG-niň dört sany ylalaşygyny ýerine ýetirmegi gyzyklanýan taraplar üçin ýörite dolandyryş edarasy döredilýär. Ol ylalaşyklara hökümetiň satyn alýan, raýat awiatehnikasynyň harytlary, süýt we sygyr etiniň önümleri degişlidir.

Baş geňeş öz wezipesini üç edaranyň üsti arkaly alyp barýar. Ol edaralara haryt söwdasy boýunça Geňeş, hyzmat söwdasy boýunça Geňeş, intellektual eýeçiligiň hukuk jähtleri boýunça Geňeş degişlidir. BSG-niň sekretariaty saýlanylýan baş direktor, onuň dört sany orunbasary BSG-niň düzüminde alnyp barylýan gepleşiklere, baglaşylan ylalaşyklara, ösüp gelýän ýurtlara tehniki kömekleri bermäge we guramanyň ähli işine jogapkärçilik çekýärler. Alnyp barylýan işleriň mazmuny we ýerine ýetirilmeli işler agza döwletleriň BSG-däki wekiliniň üsti bilen ýurtlara ýetirilýär.

## 15.3.1. BMG-niň söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy (ÝNKTAD)

BMG-niň söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy (ÝNKTAD). Baş Assambleýanyň edarasy bolup, 1964-nji ýylda döredildi. Ol wekilçilikli, köptaraplaýyn söwda-ykdysady guramadyr. Onuň 186 sany agzasy bar. Ştab-kwartirasy Ženewa şäherinde ýerleşýär. ÝNKTAD BMG-niň islendik agzasy üçin açykdyr. Onuň esasy maksady: ilkinji nobatda ösen we ösüp gelýän döwletleriň arasyndaky söwdany giňeltmek, halkara ykdysady gatnaşyklaryň meseleleri boýunça hödürnamalary işläp düzmek, döwletleriň we ykdysady toparyň arasyndaky söwdany ösdürmek, BMG-niň söwda boýunça beýleki guramalary bilen ylalaşykly hereket etmekden ybaratdyr.

BSG döredileninden soň ÝNKTAD gerekmi ýa-da gerek dälmi?... diýen sorag ýüze çykdy. Wagtyň geçmegi bilen bu guramanyň zerurdygy ýüze çykdy. Sebäbi ÝNKTAD dünýä ykdysadyýetiniň ösüşi üçin umumy söwda-syýasy ýörelgeleri işläp düzýär. BSG bolsa diňe söwdanyň meselelerine seredýär.

ÝNKTAD-niň sessiýalaryndaky kabul edilýän kararlarynyň ýuridiki borçlanmasy ýokdur. Ýöne, ikinji sessiýada şol bir mesele biragyzdan makullansa «halkara söwdasynyň bähbidi üçin hereket» etmelidir. Şeýle ýagdaýda ÝUNKTAD-niň resminamalary BSG-ä garanyňda formal taýdan döwletleri borçlandyrýar. Mysal üçin, şeýle resminamalara halkara söwda gatnaşyklary we söwda syýasatynyň ýörelgeleri, döwletleriň ykdysady hukugy we borçlary Hartiýasy degişlidir.

ÝUNKTAD-niň esasy işi taýyn harytlaryň we ýarym fabrikatlaryň halkara söwdasyny ýeňilleşdirmek bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi dünýä söwdasynyň ¾ bölegi taýyn harytlaryň we ýarym fabrikatlaryň paýyna düşýär. Munuň üçin umumy ýeňillik ulgamy 1971-nji ýylda döredilendir. Umumy ulgamy, aýratyn-da ösen we ösüp gelýän ýurtlaryň arasyndaky söwdany ösdürmekde wajyp ähmiýete eýedir.

ÝUNKTAD-niň ýokary edarasy bolup agza döwletleriň Konferensiýasy çykyş edýär. Konferensiýanyň sessiýasy her dört ýyldan ministrleriň derejesinde geçirilýär.

ÝUNKTAD-niň ýerine ýetiriji edarasy bolup söwda we ösüş boýunça Geňeş çykyş edýär. Ol Konferensiýanyň sessiýalarynyň arasynda üznüksiz işi gurýar.

ÝUNKTAD-niň gözegçilik edýän işlerine makroykdysady syýasatyň netijeleri, ykdysadyýetleriň özara baglanyşygy, walýuta-maliýe amallary, söwda syýasaty, düzümleýin özgertmeler degişlidir. Geňeş ýylda iki gezek (ýazky, güýzki) sessiýany geçirýär. BMG-niň Ykdysady we sosial Geňeşiniň üsti bilen Baş Assambleýa dokladyny ýetirýär. YUNKTAD-niň

sekretariaty BMG-niň sekretariatynyň bir bölegi bolup durýar. Şeýle hem gurama, döwletleriň hökümetleriniň dürli meseleler boýunça forumyny guraýar, döwletleriň, ykdysady toparlaryň halkara söwdasyny ösdürmek boýunça gepleşiklerini alyp barýar. Mundan başga-da BMG-niň beýleki söwda-ykdysady guramalary bilen ysnyşykly gatnaşyklary alyp barýar.

## 15.3.2. Halkara gümrük guramasy

Halkara (Bütindünýä diýip hem atlandyrylýar) gümrük guramasy 1952-nji ýylda gümrük hyzmatdaşlygy Geňeş hökmünde döredilip, 1994-nji ýyla çenli hereket etdi. Soňra onuň ady HGG diýlip üýtgedildi.

Guramanyň baş wezipesi dünýä söwdasyny ösdürmek üçin ýeke-täk gümrük tariflerini işläp düzmekden, ony ýaýratmakdan, harytlar we fiziki taraplar gümrük nokatlaryndan geçen gözegçiligi ýeňilleşdirmekden ybaratdyr. Bu maksatlar gümrük kanunçylygynyň, gümrük ulgamynyň we gümrük gullugynyň kämilleşdirmegini talap edýär.

HGG-niň ýolbaşçy edarasy bolup başlyk we onuň alty sany orunbasaryndan ybarat Geňeş çykyş edýär. Orunbasarlar şol bir wagtyň özünde sebitleriň, syýasy komissiýanyň wekilleri bolup çykyş edýär, maliýe we tehniki komiteti.

Geňeşiň ýokary edarasy agza döwletleriň gümrük gulluklarynyň ýolbaşçylarynyň her ýyllyk duşuşygydyr. Duşuşyklarda syýasy komissiýanyň, Maliýe komitetiniň taýýarlan materiallaryna seredilýär, HGG-niň geljekdäki ugurlary boýunça hödürnamalar we kararlar kabul edilýär. Guramanyň hemişelik ýerine ýetiriji edarasy bolup sekretariat çykyş edýär. Onuň stab-kwartirasy Brýusselde (Belgiýa) ýerleşýär.

3.3. Halkara söwda palatasy (HSP)

HSP hökümete degişli däl gurama hökmünde 1919-njy ýylda döredildi. Ol hususy telekeçilikler üçin iň abraýly guramalaryň biridir. Gurama özüne 6 müňden gowrak kompaniýany, 1,5 müň telekeçileriň milli soýuzyny, 110-dan gowrak döwleti, 50 sany wekilçilikli edarasy bolan guramadyr. Ýerleşýän ýeri Pariž şäheridir.

HSP öz işinde aşakdaky maksatlary yzarlaýar:

– Telekeçiligi ösdürmek, söwdany höweslendirmek, maýa goýumlar we açyk bazarlar, kapitalyň halkara hereketi.
– Halkara söwdasynyň erkin, sazlaşykly ösmegi üçin netijeli we dowamly işleri alyp barmak.

– Hususy telekeçilik ulgamyny goldamak.

HSP-niň ýokary ýolbaşçy edarasy bolup iki ýyldan saýlanylýan Geňeş çykyş edýär. Geňeşiň agzalary milli komitetleri we gulluklary belleýär. Ýerine ýetiriji geňeşiň düzümi 15-den 21-e çenli bolup, HSP-niň Geňeşi tarapyndan saýlanylýar. Ol HSP-niň alyp barýan işlerine jogapkärdir.Ýerine ýetiriji geňeş ýylda pesinden üç gezek sessiýa geçirýär. HSP-niň Geňeşiniň Baş sektory ýerine ýetiriji sekretar bolup çykyş edýär. Ol HSP-niň ähli işlerine gözegçilik edýär. Ol bäş sany müdirlikden, Halkara arbitraž kazyýetinden, söwda palatasynyň Halkara býurosyndan, işewürlik sferasynyň tejribesi we hukugy Institutyndan, ykdysady jenaýata garşy goreş gullugyndan, daşary sredany goramagyň bütindünýä geňeşinden ybaratdyr.

HSP, BMG-de ösen we ösüp gelýän döwletleriň işewür toparyna öz garaýyşlaryny beýan etmek mümkinçiligine eýedir. Ol hökümet we hökümete degişli däl halkara ykdysady guramalaryň gatnaşmagyny goldaýar.

## 15.4. Ýöriteleşdirilen halkara ykdysady guramalar

Soňky ýyllarda dünýä hojalygynda ýöriteleşen, sebitleýin, hökümet we hökümete degişli däl ykdysady guramalaryň sany artyp başlady. BMG-niň on dört sany guramasy awtonom gurama hökmünde çykyş edýär. BMG-niň ýöriteleşdirilen guramalary iki sany esasy wezipäni ýerine ýetirýärler:

*Birinjisi,* olar halkara normalary, standartlary, konwensiýalary, hödürnamalary işläp düzýärler.

*Ikinjiden,* halkara normalary, konwensiýalary ýerine ýetirmek üçin döwletlere tehniki kömekleri berýärler.

Bu guramalaryň, düzümine iri sebitleýin banklar hem girýärler. Olar halkara maliýe ulgamyny sazlamakda ähmiýetli orun eýeleýärler. Bu banklaryň aýratynlygy oňa gatnaşýan döwletleriň ösen döwletler bolup, olaryň hem şol sebitde ýerleşýänligidir. Ol döwletler bolsa banklaryň sebit syýasatyny kesgitlemekde möhüm orun eýeleýärler.

Hökümete degişli däl halkara guramalarynyň toparyna telekeçiler birleşikleri we professional assosiasiýalar degişlidir. Olaryň birinjisi telekeçiligi, ikinjisi bir kärdäki zähmetkeşleri hukuk taýdan goramak bilen meşgullanýarlar.

## 15.4.1. BMG-niň senagat ösüşi boýunça guramasy (ÝNIDO)

1966-njy ýylda senagat taýdan ösen we ösüp gelýän ýurtlaryň arasynda özara gatnaşyklary ýola goýmak üçin döredildi. 1985-nji ýylda BMG-niň ýöriteleşdirilen guramasy diýen derejesi berildi. Häzirki wagtda 180-e golaý döwlet agzasydyr. Ýokary edarasy bolup baş konferensiýa çykyş edýär. Baş konferensiýa ÝNIDO-nyň alyp barýan syýasatynyň ugruny kesgitleýän býujetini tassyklaýar. Baş konferensiýa her iki ýyldan bir gezek geçirilýän. Baş konferensiýanyň sessiýalarynyň arasyndaky döwürde «senagat boýunça ösüş geňeşi» ýolbaşçylyk edýär. Onuň düzümine agza döwletleriň 53-siniň wekilleri girýär. ÝNIDO operatiw ýolbaşçylyk etmek üçin baş direktor bellenilýär. Baş direktor baş konferensiýalarda 4 ýyllyk möhlet bilen saýlanylýar. Guramanyň ýerleşýän ýeri Wena şäheridir.

ÝNIDO-nyň maksatlary bolup aşakdakylar çykyş edýär:

– BMG-niň ulgamynda senagat taýdan hyzmatdaşlyk etmek üçin ugrukdyryjy işi alyp barmak.
– Agza döwletleriň arasynda senagatlaşmak boýunça hyzmatdaşlygy güýçlendirmek, aýratyn-da ösüp gelýän ýurtlara senagatlaşma işinde ýardam bermek.
– Ösüp gelýän we geçiş häsiýetli ýurtda senagaty üýtgedip gurmaga we hususylaşdyrmaga kömek bermek.

ÝNIDO-nyň alyp barýan işini iki ugra bölmek bolar. Birinjisi, bu gurama agza döwletleriň arasynda senagatlaşma meseleleri boýunça maglumatlary ýygnaýan, seljerme berýän, olaryň çözülmegi dürli gepleşikleri alyp barýan halkara merkezi bolup çykyş edýär. Ikinjisi, halkara tehniki kömegiň maliýeleşdirijisi bolup çykyş edýär.

ÝNIDO-nyň maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup agzalyk tölegler, dürli taslamalary ýerine ýetirmek üçin BMG-niň goýberýän kömek pullary we agza döwletleriň meýletin goýberýän pullary çykyş edýär. Bu guramanyň tehniki kömek bermek boýunça maliýeleşdiren işleriniň möçberi 2004-nji ýylda 393 million dollara barabar boldy.

## 15.4.2. BMG-niň azyk we oba hojalyk guramasy (FAO)

Azyk we oba hojalyk guramasy 1945-nji ýylda döredilip, BMG-niň ýöriteleşdirilen guramasy bolup çykyş edýär. Onuň işiniň esasy ugry bolup agrar sebitlerde oba, tokaý, balyk hojalyklaryny ösdürmek çykyş edýär.

FAO-nyň ýokary edaralary iki ýyldan bir gezek geçirilýän konferensiýa çykyş edýär. Konferensiýa FAO-nyň alyp barýan syýasatyny kesgitleýär, býujetini tassyklaýar we guramanyň alyp barýan işi boýunça maslahatlary işläp düzýär. Ýolbaşçy edarasy bolup FAO-nyň geňeşi çykyş edýär. Ol geňeş 49 wekilden ybarat bolup, üç ýyllyk möhlete saýlanylýar. FAO-nyň operatiw ýolbaşçysy baş direktor bolup, ol konferensiýada 6 ýyllyk möhlete saýlanylýar. Ýerleşýän ýeri – Rim.

FAO-nyň maksatlary aşakdakylardyr:

- Agza döwletleriň iýmit we ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak.
- Oba hojalyk önümçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmak.
- Agza sebitlerdäki ilatyň durmuş şertlerini gowulandyrmak.

FAO-nyň işiniň esasy ugurlaryna:

- Oba hojalygy boýunça maglumatlary ýygnamak we ýaýratmak.
- Halkara azyk howpsuzlygynyň manitoringini geçirmek.
- Oba hojalygynda halkara hyzmatdaşlygyny güýçlendirmek üçin maslahatlary we hödürnamalary işläp düzmek.
- Agza döwletlerde oba hojalygyny we azyk önumçiligini ösdürkmäge kömek etmek degişlidir.

FAO-nyň maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup agzalyk tölegler we taslamalary ýerine ýetirmek, BMG-niň goýberýän kömek pullary çykyş edýär.

## 15.4.3. Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasy (IEBG)

JEBG-niň taryhy gözbaşyny senagat eýeçiligini goramak boýunça 1883-nji ýylda geçirilen Pariž konwensiýasyndan, edebiýat we senagat eserlerini

goramak boýunça 1886-njy Bern konwensiýasynyň halkara hukuk resminamalaryndan alyp gaýdýar. Bu meseleleri we ýolbaşçylyk işini alyp barmak üçin konwensiýalaryň hersi boýunça halkara býurosy döredilýär. 1893-nji ýylda býurolar birleşdirilip «intellektual eýeçiligi goramak boýunça milletleriň birleşen Býurosy» diýip atlandyrylýar. 1967-nji ýylda geçirilen Stokgolm konwensiýasynyň esasynda 1970-nji ýylda «Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasy» diýip täze at berildi. 1974-nji ýyldan başlap BMG-niň ýöriteleşdirilen guramasy diýen dereje berildi. JEBG-niň ýolbaşçy edarasy bolup baş assambleýa konferensiýalar we ugrukdyryjy komiteti çykyş edýär. Guramanyň baş assambleýasy ýylda bir gezek geçirilýär. Ol guramanyň baş direktoryny, iş meýilnamasyny tassyklaýar. WOIS-iň konferensiýasy adatça, ýylda bir gezek geçirilip, ol intellektual eýeçilik boýunça halkara şertnamalaryň ýerine ýetirilişine seljerme berýär. Ugrukdyrmak boýunça komitet baş assambleýa baş direktorlyga kandidatlary hödürleýär, orunbasarlary we departamentleriň ýolbaşçylary bellenilýär. Ýerleşýän ýeri Ženewa şäheri.

Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasynyň esasy maksady senagat eýeçiligini, oýlap tapyşlary, patentleri, söwda belgilerini, senagat obrazlaryny, awtorlyk hukuklaryny, edebiýat we sungat eserlerini goramakda halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekden ybaratdyr. Şunuň bilen baglanyşyklylykda intellektual eýeçiligi goramak boýunça halkara şertnamalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek we şu ugurda täze ylalaşyklary işläp, teklip etmek işlerini alyp barýar. Häzirki wagtda bu gurama intellektual eýeçiligi goramak boýunça 23 sany şertnama gözegçilik edýär.

## 15.4.4. Halkara zähmet guramasy (HZG)

1919-njy ýylda sosial we zähmet gatnaşyklaryndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin Wersal şertnamasy baglaşyldy. Bu şertnamanyň ýörelgeleri we meseleleri 1944-nji ýylda Filadelfiýa deklarasiýasynda täzeden seredildi. 1946-njy ýylda BMG-niň ýöriteleşdirilen guramasyna öwrüldi.

HZG-niň işiniň esasy ýörelgesi bolup agza döwletleriň wekilleriniň, profsoýuzlarynyň, telekeçileriniň deň hukuklylygyny üpjün etmekden ybaratdyr. HZG-niň ýokary edarasy bolup ýylda bir gezek geçirilýän. Halkara zähmet konferensiýasy çykyş edýär. Konferensiyada sosial we zähmet

gatnaşyklarynyň wajyp meseleleri maslahatlaşylýar. Täze konwensiýalar we hödürnamalar tassyklanylýar. HZG-ä agza ýurtlar Halkara zähmet konferensiýasyna hökümetiň adyndan iki wekil, kärdeşleriň we telekeçileriň adyndan bir wekil ugradýarlar. Ýerine ýetiriji edarasy bolup administratiw geňeş çykyş edýär. Ol 56 agzadan ybarat bolup, ýylda üç gezek ýygnak geçirýär. Olaryň 28-si hökümet wekilleri, 14-si kärdeşleriň we telekeçileriň wekilleridir. Geňeşiň hökümet wekillerinden 10 sany ýer, JIÖ-niň möçberi boýunça iri döwletleriň wekilleri hemişelik esasda berkidilýär. Ol döwletlere ABŞ, Hytaý, Ýaponiýa, Hindistan, Germaniýa, Russiýa, Fransiýa, Italiýa, Braziliýa degişlidir. Administratiw geňeşiň galan agzalary geografiki wekilçilik taýdan saýlanylýar. HZG-niň hemişelik sekretariaty bolup, Halkara zähmet býurosy çykyş edip, ol baş direktor tarapyndan dolandyrylýar. HZG-niň baş direktory administratiw geňeş tarapyndan saýlanylýar. Ýerleşýän ýeri Ženewa şäheri.

HZG-niň maksatlary aşakdakylardyr:

- Agza döwletlerde iş bilen we ýokary durmuş goraglylygy üpjün etmek.
- Ykdysady we sosial özgertmeleri geçirmek.
- Adamyň esasy hukuklaryny saklamak, adamlaryň janyny we saglygyny goramak.
- Telekeçiler bilen zähmetkeşleriň hyzmatdaşlygyny gazanmak.

HZG-niň işiniň esasy ugruna sosial we zähmet gatnaşyklary meseleleri boýunça halkara konwensiýalary, hödürnamalary işläp düzmekden, agza döwletleriň ony kabul etmeginden, netijede kadaly döredijilik işini ýola goýmakdan ybaratdyr. HZG-niň konwensiýasyna gol çekileninden soň agza döwletleriň ýerine ýetirmegi hökmanydyr. Döwletler konwensiýanyň tassyklanylyşyna we onuň ýerine ýetirilişi boýunça hasabat berýärler. Guramanyň ýörite ekspertler komiteti milli kanunçylygyň konwensiýa gabat gelýänligine ýa-da gelmeýänligine gözegçilik edýärler. HZG-niň hödürnamalary hökmany häsiýete eýe däldir.

HZG-niň esasy konwensiýalary:

- Assosiasiýalaryň we guramalaryň erkinligini we hukugyny goramak boýunça 1948–1949 ý.
- Mejbur zähmeti ýatyrmak barada – 1930 we 1957 ý.
- Deň derejede sylaglamak hakynda – 1952 ý.
- Sosial üpjünçiligiň minimal normasy hakynda – 1952 ý.
- Iş bilen üpjünçilik barada – 1964 ý.
- Zähmetkeş migrantlar barada – 1949–1975 ý.
- Zähmete gözegçilik barada – 1947–1969 ý.
- Üçtaraplaýyn maslahatlar barada – 1976 ý.

HZG-niň kadaly döredijilik işine agza döwletlere tehniki kömek bermek hem girýär.

HZG-niň maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup agzalyk tölegler, BMG-niň býujetinden goýberilýän pullar çykyş edýär.

**5. Sebitleýin halkara ykdysady guramalar.**

**5.1. Ýewropa ösüş we özgerdiş banky (ÝÖÖB)**

ÝÖÖB – (Evropean Bank for Reconstruktion and Development) 1991-nji ýylda Merkezi we Gündogar Ýewropanyň ozalky sosialistik ýurtlaryna bazar gatnaşyklaryna geçmekde kömek bermek üçin döredildi. ÝÖÖB-niň düzümine 60 sany döwlet we iki sany hökümetara gurama girýär. Ol guramalara Ýewropa soýuzy we Ýewropa maýa goýum banky degişlidir. ÝÖÖB-niň paýdarlar maýasy 20 milliard Ýewro töweregidir.

Bankyň ýokary edarasy dolandyryjylar geňeşidir. ÝÖÖB-niň her bir agzasyndan bir dolandyryjy bolýar. Olar adatça agza döwletleriň maliýe ministrleridir. Dolandyryjylar geňeşi bankyň umumy syýasatyny kesgitleýärler we onuň prezidentini saýlaýarlar. Bankyň işine umumy ýolbaşçylygy direktorlar geňeşi alyp barýar. Gönüden-göni ýolbaşçylyk bankyň prezidentine degişli. Ol şol bir wagtyň özünde bankyň resmi wekili bolup çykyş edýär. ÝÖÖB-niň ýerleşýän ýeri London şäheridir.

ÝÖÖB-niň maksatlary aşakdakylardyr;

– Düzümleýin we pudaklaýyn bazar özgertmelerini geçirmäge ýardam bermek.
– Hususyýetçiligiň, bäsleşigiň, hususy telekeçiligiň ösüşine hemaýat bermek.
– Maliýe institutlarynyň we olaryň hukuk esaslaryny pugtalandyrmak.
– Hususy sektoryň ösüşi üçin zerur bolan infrastrukturanyň ösüşi.
– Hususy kärhanalaryň netijeli dolandyrylyşyna hemaýat etmekden ybaratdyr.

ÝÖÖB bu bähbitleri amala aşyrmak üçin gönüden-göni maýa goýujy bolup çykyş edýär. Häzirki wagta çenli onuň maýa goýumlarynyň netijesinde müňden gowrak iri taslamalar amala aşyryldy.

## 15.5.5. Aziýa ösüş banky (AzÖB)

AzÖB 1966-njy ýylda Aziýa–Ýuwaş umman sebiti ýurtlarynyň sosial-ykdysady ýagdaýyny ösdürmäge kömek bermek maksady bilen döredildi. Bankyň paýdarlarynyň 46-sy sebitleýin paýdarlar, 18-si sebitleýin däl paýdar-

lardyr (ösen döwletler). Ýerleşýän ýeri Manila (Filippinler) şäheridir.

AZÖB-niň işiniň esasy ugry Aziýa–Ýuwaş umman sebiti ýurtlaryna tehniki kömekleri bermek, sosial-ykdysady ähmiýetli taslamalary durmuşa geçirmäge hemaýat etmekden ybaratdyr. Bankyň taslamalary ýedi meseläni çözmäge gönükdirilendir. Olara ykdysady ösüşi üpjün etmek, adam resurslaryny ösdürmek, dolandyryşyň hilini ýokarlandyrmak, daşary sredany goramak, zenanlaryň ykdysady ösüşe gatnaşyşyny ýokarlandyrmak, hususy sektory we sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek degişlidir.

AZÖB maliýe serişdeleriniň çeşmelerine Aziýa ösüş fondy, tehniki kömek boýunça ýöriteleşdirilen fond, Ýapon ösüş fondy degişlidir.

## 15.5.6. Afrika ösüş banky (AfÖB)

Afrika yklymyndaky ýurtlary sosial-ykdysady taýdan ösdürmek üçin 1964-nji ýylda döredildi. Onuň düzümine 77 sany döwlet girýär. Olaryň 53-si sebitleýin paýdarlar, 24-si sebitleýin däl (ösen döwletler, Hytaý, Saud Arabystany, Kuweýt) döwletler girýär. Ýerleşýän ýeri Abijan (Kot-dIwnar) şäheridir.

AfÖB 5 ýyldan 15 ýyla çenli bazar şertlerinde hususy kompaniýalara karzlary goýberýär. Esasy karz alyjylar bolup çig maly eksport edýän kompaniýalar çykyş edýär. Şeýle hem agza döwletlere tehniki kömekleri, taslamalary maliýeleşdirmäge kömek edýär.

## 15.5.7. Amerikanara ösüş banky (AaÖB)

1959-njy ýylda Latyn Amerikasy we Karib basseýni ýurtlaryna sosial-ykdysady taýdan kömek bermek maksady bilen döredildi. 46 sany döwlet paýdary bolup, onuň 26-sy sebitleýin, 20-si sebitleýin däl paýdarlardyr.

AaÖB taslamalary maliýeleşdirmäge, bazar gatnaşyklaryny ösdürmäge, oba hojalygyny, infrastrukturany, sebitde integrasion gatnaşyklary ösdürmäge uly hemaýat berýär.

## 15.6. Hökümete degişli däl halkara ykdysady guramalar

### 15.6.1 Üçtaraplaýyn komissiýa

1973-nji ýylda «Çeýz Manhetten bank» (ABŞ) bankynyň ýolbaşçylarynyň inisiatiwasy bilen döredildi. Onuň maksady dürli ýurtlaryň telekeçileriniň hyzmatdaşlygyny ösdürmekden ybaratdyr. Ol 300 töweregi iri korporasiýany, ABŞ-nyň, Günbatar Ýewropanyň Ýaponiýanyň görnükli ykdysatçylaryny we syýasatçylaryny özünde jemleýär. Komissiýanyň ýolbaşçy edarasy bolup 53 agzadan ybarat bolan ýerine ýetiriji komitet çykyş edýär. Komissiýanyň işiniň esasy ugruna ösen döwletleriň durýan ykdysady we syýasy problemalara seljerme berýän dokladlary taýýarlamak we olary işläp, ösen döwletleriň hökümetlerine teklip etmekden ybaratdyr.

### 15.6.2. Tegelek stol

1986-njy ýylda «Filips Elektraniks» kompaniýasynyň ýolbaşçysynyň inisiatiwasy boýunça döredildi. Ol ABŞ-nyň Ýewropanyň, Ýaponiýanyň öndebaryjy, iri telekeçilerini özüne birleşdirýär. Tegelek stol birnäçe maksatlary yzarlaýar. Olara global problemalary çözmekde işewürligiň ähmiýetini ýokarlandyrmak, halkara işewür hyzmatdaşlygyň ösüşine ýardam bermek, işewürligiň ykdysady we sosial durnuklylyga jogapkärçiligini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

Tegelek stoluň agzalary öz ýygnaklarynda häzirki problemalary işläp, olary işewür toparlara hödürleýär.

### 15.6.3 Halkara maliýe instituty

1983-nji ýylda 50 sany ýurduň banklarynyň, broker kompaniýalarynyň, maýa goýum we beýleki fondlaryň wekilleriniň gatnaşmagynda döredildi. Onuň maksady maliýe hyzmatlarynyň ýokary hilini üpjün

etmek we agzalarynyň professional taýýarlygyny ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Şunuň bilen baglanyşyklylykda bu institut özara tejribe alyşmagy guraýar, okuw seminarlaryny geçirýär. Institut Londonyň Kreditor kluby bilen işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar.

# XVI BAP
# DÜNÝÄ HOJALYGYNYŇ INTEGRASIÝALARY

## 16.1. Integrasiýalar dünýä hojalygynyň subýektidir

Dünýä hojalygynyň wajyp subýektleriniň biri hem integrasiýalardyr. Bütindünýä söwda guramasynyň (BSG) maglumatlaryna görä geçen asyryň ahyrlarynda hereket edýän sebitleýin söwda-ykdysady ylalaşyklaryň 134 sanysy hasaba alnypdyr. Olaryň 90 sanysy 1995-nji ýyldan soň döredilipdir. BSG-niň baha bermegine görä, dünýäniň jemi önüminiň (DJÖ) 90 göterimi, dünýä söwdasynyň hem şonça möçberi intigrasiýalaryň paýyna düşüpdir. Getirilen sanlardan görnüşi ýaly, dünýä hojalygynda integrasiýalaryň örän uly paýy bardyr. BSG-niň berýän maglumatlary birneme çişirilen bolmagy hem mümkin. Ýöne şeýle bolaýanda-da goşulyşan hojalyklaryň dünýä söwdasyndaky, dünýäniň jemi önümindäki ähmiýeti pese gaçmaýar.

Birnäçe integrasiýalar sebitleýin we tutuş dünýä boýunça hereket edýärler. Belli bolşy ýaly, olara Ýewropa Soýuzy (ÝS) Demirgazyk amerikan erkin söwda zonasy NAFTA, Günorta konus döwletleriniň umumy bazary (MERKOSUR) ýaly, integrasiýalar degişlidir. Şol bir wagtyň özünde beýleki goşulyşan birlikleriň dünýä hojalygyndaky paýy ýokarlanýar. Olara Aziýa–Ýuwaş umman ykdysady hyzmatdaşlygy (AÝUYH) we Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy (GDA) ýaly birleşikler degişlidir.

Integrasiýalar döredileninden soň has kämilleşmek üçin birnäçe basgançaklary geçýärler. Ol basgançaklara etap, döwür, dereje diýip at berilýär. Ýöne islendik integrasiýa basgançaklaryň hemmesini geçýär ýa-da hökman geçmeli diýip aýdyp bolmaz. Käbir integrasiýalar beýleki bir integrasiýa garanyňda ir döredilen bolsa-da ösüşiň bellibir basgançagynda saklanýar. Beýleki bir integrasiýa gysga wagtyň içinde basgançaklaryň köpüsiniň üs-

tünden geçýär. Integrasiýalaryň ösüş derejesiniň birmeňzeş bolmazlygy milli ykdysadyýetleriň ösüş derejesiniň deň däldiginden gelip çykýar. Integrasiýalar häzirki ýeten derejesiniň tejribesi boýunça alty basgançaga, bölünýär.

Onuň birinji basgançagy ýeňillikli ýa-da artykmaçlykly (preferensial) söwda ylalaşygydyr. Bu ylalaşykda döwletler bir-birine ýakynlaşmakda ýeňillikli söwdany alyp barmak üçin ilkinji ädimi ädýärler.

Ikinji basgançak, erkin söwda zonasynyň döredilmegidir. Erkin söwda zonalarynda harytlaryň we hyzmatlaryň erkin söwdasynda gümrük tarifleri doly aýrylýar. Üçünji döwletler bilen söwda edilende milli tarifler saklanyp galýar. Umuman, birinji we ikinji basgançak ykdysady integrasiýalaryň ýönekeý ýa-da ilkinji formasy bolup çykyş edýär.

Integrasiýanyň üçünji basgançagy, gümrük soýuzydyr. Bu ylalaşykda döwletler özara söwda gümrük tariflerini doly ýatyrýar we üçünji ýurtlar üçin ýeke-täk gümrük tariflerini we tarif däl sazlaşdyrmany (import harytlara çäk goýmak), hili bir standarta getirmek, garşylyklaýyn haryt almak, harydyň sanitar-gigiýeniki ýagdaýy ulanylýar. Gümrük soýuzynyň tejribesinden belli bolşy ýaly, bu ylalaşyga gatnaşýan döwletlerde daşary ýurt maýa goýujylar üçin amatly şert döreýär. Sebäbi daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagynda öndürilýän harytlar we hyzmatlar birnäçe döwletiň, arasynda erkin hereket edýär. Ýöne gümrük soýuzynyň çylşyrymly taraplary hem bar. Döwletler gümrük tariflerinden örän uly girdeji alýar we ýerli harydy daşary ýurt harydyndan goramakda hem gümrük tarifleri döwletiň guraly hökmünde çykyş edýär. Şol bir wagtyň özünde üçünji ýurtlardan getirilýän harytlardan alynýan gümrükden gelýän girdejileri özara paýlaşmakda mesele ýüze çykýar. Umuman, gümrük soýuzy ylalaşykly daşary söwda syýasatyny alyp barmakda, bu soýuza gatnaşýan ýurtlaryň arasynda döwlet edaralarynyň gatnaşmagynda ugrukdyryjy kämil ulgamyň döredilmegini talap edýär.

Integrasiýanyň indiki basgançagy gümrük soýuzynyň düzgünleri esasynda umumy bazaryň emele getirilmegidir. Bu etapda harytlaryň, hyzmatlaryň, kapitalyň we işçi güýjüniň özara erkin hereketi üpjün edilýär. Oňa başgaça dört erkinlik diýilýär.

Umumy bazaryň barha ösmegi integrasiýalaryň indiki basgançagy bolan ykdysady we walýuta soýuzyna gelmäge şert döredýär. Bu basgançakda ýeke-täk ykdysady, walýuta, býujet, pul-karz syýasaty alnyp barylýar. Ýeke-täk walýuta geçilýär, milletleriň arasyndaky gatnaşyklary sazlaşdyrýan edaralar döredilýär.

Altynjy basgançaga syýasy soýuz diýilýär. Dünýä hojalygynda entek şeýle integrasiýa ýok. Ýöne ykdysady we walýuta soýuzy soňlugy bilen şeýle soýuza getirip biler. Bu basgançakda agza döwletler ýeke-täk raýatlygy,

umumy howpsuzlyk we daşary syýasaty ýöredip bilerler. Syýasy soýuzyň emele gelmegi bilen agza döwletleriň arasynda bilim, medeni, hukuk gatnaşyklary barha çuňlaşýar. Netijede, ähli ugurlarda hyzmatdaşlyk amala aşyrylýar.

## 16.2. Ykdysady integrasiýalaryň nazaryýeti

Dünýä hojalygynda uly ähmiýete eýe bolsa-da integrasiýalaryň umumy nazaryýet esaslary entek doly döredilenok. Şonuň üçin integrasiýalara häsiýetlendirme bermekde birnäçe ykdysady mekdebiň wekilleriniň garaýyşlary hereket edýär.

Integrasiýalaryň mazmuny barada ilkinji ýüze çykan liberal bazar mekdebidir. Onuň wekilleri integrasiýalary diňe bazar güýçleriniň hereketiniň netijesi diýip hasap edýärler. Olar ykdysadyýet diňe bazar gatnaşyklary esasynda hereket edende integrasiýalar tebigy ýagdaýda hem emele gelip biler diýip pikir edýärler. Şeýle garaýşyň wekilleri bazar ykdysadyýeti şertlerinde milli hojalygy ösdürmek üçin integrasiýalar zerur diýip kesgitleýärler. Ýöne olar integrasiýalary döretmekde döwletiň ähmiýetini tankytlaýarlar. Integrasiýalara döwletiň edaralarynyň gatnaşyp başlamagy bilen integrasiýalaryň tebigy görnüşi goýulyp başlar diýen pikir bu mekdebiň wekilleriniň bu mesele barada esasy garaýşy bolup durýar.

Häzirki zaman dünýä hojalygynda garyşyk ykdysadyýetli integrasiýalaryň bolmagy, hususan-da Ýewropa sebitinde goşulyşmagyň kämil derejesine çykylmagy liberal bazar mekdebiniň wekilleri bilen ylalaşmazlyga getirýär. Şonuň üçin integrasiýa häsiýetnama bermekde garyşyk garaýyş ýüze çykýar. Bu mekdebiň garaýşyna görä integrasiýalarda bazar ykdysadyýeti hem, döwletiň roly hem zerur diýip hasap edýärler.

Keýnsiançylyk ugruň dirižizm mekdebiniň wekilleri, aýratyn-da Nobel baýragynyň laureaty gollandiýaly ykdysatçy Ýan Tikbergen integrasiýalary emele getirmekde esasy roly döwletiň oýnaýandygyny nygtaýar.

Ol integrasiýalarda hususyýetçiler gatnaşýan hem bolsa integrasiýanyň düzümini emele getirmekde döwlet syýasatynyň we döwlet edaralarynyň (institutlaryň) ähmiýetini birinji orna çykarýar. Alym integrasiýa gatnaşýan döwletleriň hemmesi üçin amatly bolan ykdysady we sosial kanunçylygyň döredilmegi bilen baglanyşykly diýip hasap edýär.

Umuman alanymyzda, integrasiýa häsiýetnama bermekde dürli mek-

debiň wekilleriniň garaýşyny tutuşlygyna dogry ýa-da tutuşlygyna ýalňyş diýip aýtmak bolmaz. Biziň bu meselä garaýşymyz dirižinizm mekdebiniňki bilen gabat gelýär. Sebäbi häzirki zaman integrasiýalaryň taryhyna seredeniňde hem döwletleriň gatnaşmagy esasynda şeýle goşulyşmalar döredildi. Ykdysadyýetiň tebigy sazlaşýan ýagdaýynda ykdysady integrasiýalar döräp bilmegi mümkin. Emma bir kompaniýanyň ýa-da bir hususyýetçiniň bähbidini tutuş bir halkyň ýa-da döwletiň bähbidi bilen deň goýmak hem maksadalaýyk däl. Şol bir wagtyň özünde integrasiýalar diňe bazar ykdysadyýeti şertlerinde emele gelýär diýen düşünje bilen hem ylalaşmak kyn. Çünki, ozalky sosialistik lagere girýän ýurtlaryň Özara Ykdysady Kömek Soweti atly integrasiýany döretmekleri olaryň garaýşyny inkär edýär. Şonuň üçin biz hem integrasiýalary döretmekde esasy roly döwlete degişli diýen garaýyş bilen ylalaşýarys.

## 16.3. Integrasiýalaryň walýuta jähtleri

Walýuta integrasiýasy munuň özi integrasiýa gatnaşýan döwletleriň milli walýuta ulgamlarynyň ösüp, bir bütewi walýuta ulgamyny emele getirmegidir. Walýuta integrasiýasynyň emele gelmegi ykdysady integrasiýalary emele getirmegiň möhüm meseleleriniň biridir. Ykdysady integrasiýalar ýaly, walýuta integrasiýasy hem döwletleriň syýasatynyň netijesidir. Şol bir wagtyň özünde bütewi walýuta ulgamyna geçmek ykdysady taýdan hem amatlydyr. Ýagny, walýuta ulgamynyň sagdynlaşmagy, halkara hasaplaşyklaryň ýeňilleşmegi, walýuta kurslarynyň aradan aýrylmagy, erkin konwertirlenýän durnukly walýuta geçilmegi milli ykdysadyýeti we ykdysady gatnaşyklary ösdürmekde örän amatlydyr.

Döwletleriň özara walýuta soýuzyny döretmekleri soňky iki asyrda ýüze çykan zat däldir. Ol gözbaşyny irki wagtlardan alyp gaýdýär. Mysal üçin, 1392-nji ýylda döredilen Ganzeý walýuta soýuzy, 1857-nji ýylda baglaşylan Awstro-German moneta soýuzy, 1865-nji ýylda ylalaşylan Latyn walýuta soýuzy ýa-da 1872-nji ýylda döredilen Skandinaw walýuta soýuzy we başgalar. Soýuza pesinden iki sany döwlet gatnaşýar. Döwletleriň haýsy hem bolsa biriniň walýutasy gymmatyň ölçeg birligi hökmünde saýlanyp alynýar. Saýlanyp alnan walýuta maýa toplaýyş we alyş-çalyş

serişdesi bolup çykyş edýär. Walýuta soýuzyna gatnaşmaýan döwletler öz walýuta kurslaryny saýlanyp alnan walýuta bilen gatnaşyk arkaly alyp barýarlar.

Köp ýagdaýlarda walýuta soýuzynda haýsy döwletiň walýutasy halkara töleg serişdesi hökmünde ulanylýan bolsa, şol walýuta hem esasy walýuta hökmünde saýlanyp alynýar. Mysal üçin, häzirki wagtda şeýle mehanizm ABŞ bilen Panamanyň arasynda hereket edýär. Käbir ýagdaýlarda bir walýuta däl-de, döwlet edaralary tarapyndan sazlaşdyrylan garyşyk walýuta ulanylýar. Häzirki wagtda şeýle walýuta soýuzy on dört sany Günbatar we Merkezi Afrika döwletleriniň arasynda hereket edýär. Bu soýuza afrikan-frank zonasy diýilýär. Ýewropa walýuta Soýuzy ýurtlarynyň gatnaşmagynda otuz sany ýurdy öz içine alýan Ýewropa walýuta Soýuzy häzirki güne çenli baglaşylan walýuta soýuzlarynyň iň kämili hasap edilýär.

Walýuta hyzmatdaşlygynyň taryhyna seljerme berlende walýuta integrasiýalarynyň döredilmegi üçin döwletleriň birnäçe basgançagy geçýändigini görmek bolýar. Ilki bilen agza döwletlerde köptaraply töleg ulgamy döredilýär. Bu ulgam kliring bahalary we karzlaşdyrma ýaly meseleleri hem öz içine alýar. Soňra agza döwletler milli walýutalaryň durnuklylygyny üpjün edýän kurs mehanizmini işläp düzýärler. Iň soňky basgançak bolsa walýuta soýuzynyň döredilmegi, ýagny ýeke-täk walýutanyň girizilmegidir.

Ýeke-täk walýutanyň girizilmegi örän çylşyrymly we jedelli meseledir. Täze walýuta bilen ozalky hereket edýän walýutanyň kurslaryny nähili esasda kesgitlenmegi, täze walýutanyň artykmaçlygyny we ýetmezçiligini kesgitlemek ýeterlik kynçylyklary döredýär. Bu kynçylyklary çözmek üçin ÝS ýurtlary Mandell tarapyndan işlenen walýuta zonasynyň amatly nazaryýeti esasynda hereket etdiler. Bu nazaryýet bellenen we ýüzýän walýuta kurslarynyň ýetmezçilikleri we artykmaçylyklary baradadyr.

Nazaryýete laýyklykda bellenen walýuta kursy kesgitli döwletleriň arasynda ulanylmagy netijeli bolup biler. Onuň üçin döwletler «amatly kriteriýalar (baha beriş ölçegleri)» boýunça hereket etmelidir. Ol kriteriýalara bolsa aşakdakylar degişlidir.

– makroykdysady şoguň (şok) paýynyň ýokary bolmagy – integrasiýa girýän ýurtlaryň käbirinde makroykdysady görkezijileriň oňaýsyzlygynyň ýokary, beýleki döwletlerde makroykdysady görkezijileriň durnukly bolmagy:
– içerki bahalaryň we zähmet haklarynyň çeýeligi – bahalar we zähmet haklary islege we teklibe görä çeýe hereket edip bilýän bolsa, beýleki ykdysadyýetde ýüze çykan oňaýsyzlyklaryň (işsizlik, hümmetsizlenme we ş.m.) täsiri azalýar:

- önümçilik faktorynyň ýokary mobilliligi – bu ýagdaýda esasy üns zähmete we kapitala berilýär. Bu iki faktor herekete getirilen ýagdaýda dürli kynçylyklaryň bolmagyna garamazdan, bäsleşige ukyply, eksporta nazarlanan harytlary öndürmäge ukyply bolýar;
- agza döwletleriň ykdysadyýetiniň özara açyklyk derejesiniň ýokary bolmagy – ýerli baha bilen beýleki hojalykdaky baha tapawudynyň az bolmagyny göz öňünde tutýar.
- makroykdysady syýasatyň makroykdysady derejede sazlanylmagy – walýuta zona girýän ýurtlar bellenen kurs boýunça bir syýasaty alyp barmaklygy. Çünki, walýuta zona girýän ýurtlaryň birinde walýuta kynçylygy ýüze çyksa, beýleki döwletlere täsir edýär:
- fiscal derejesiniň ýokary bolmagy – ugrukdyrylan salgyt-býujet syýasatynyň alnyp barylmagy, agza döwletleriň arasynda býujet ýetmezçiliginiň öňuni alýar:
- ykdysadyýetiň diwersifikasiýasynyň ýokary derejesi – harytlaryň görnüşleriniň köp sanly bolmagy ykdysady gatnaşyklara oňaýly täsir edýär:
- sebitleýin söwdasynyň ýokary derejesi – agza döwletler mümkin boldugyça özara söwdany ösdürmäge üns bermeli:
- baha çäreleri – bahalaryň umumylygyny saklamak üçin alnyp barylýan çäreler:
- aýlanyşyk we töleg serişdeleri – özara diňe bir walýutanyň töleg serişdesi bolmagy we halkara töleg harajatlarynyň azalmagy:
- süýşürintgiler serişdesi – agza döwletlerde walýuta töwekgeçilikleriň pes bolmagy ilatyň artykmaç serişdeleriniň geljek üçin toplanmagyna mümkinçilik berýär.

Ine, şu ýokarda bellenip geçilen baha beris olcegler (kriteriýalar) Mandell tarapyndan işlenen walýuta zonasynyň amatly nazaryýeti diýlip atlandyrylan nazaryýetiň esasy mazmunyny düzýär.

## 16.4. Dünýäniň iri integrasiýalary

Häzirki hereket edýän integrasiýalaryň içinde iň kämili Ýewropa Soýuzydyr. Ol Günbatar, Merkezi, Demirgazyk we Gündogar Ýewropa ýurtlaryny öz içine alýar. Bu döwletler häzirki wagtda integrasiýanyň iň ýokary basgançagy bolan syýasy soýuzyň öň ýanyndadyr.

ÝS-niň döräp başlan pursaty 1950-nji ýylyň maý aýynyň 9-y diýip hasap edilýär. Şol senede Fransiýanyň, GFR-iň daşary işler ministrleri kömür we polat önümçiligini umumy golastyna almak barada beýanat berýärler. Şonuň netijesinde 1951-nji ýylda gol çekilen we 1952-nji ýylda güýje girizilen Pariž ylalaşygy esasynda Ýewropanyň kömür we polat birleşigi döredilýär. Ol özüne alty sany Ýewropa ýurduny birleşdirýär. Olara Belgiýa, Niderlandlar, Lýuksemburg, GFR, Fransiýa we Italiýa degişlidir. 1957-nji ýylda Ýewropa ykdysady bileleşigi we Ýewropanyň atom energiýasy boýunça bileleşigi döredilýär. Netijede, sebitiň garylyp-gatyşmagy ýokary derejede bolup geçýär. Şonuň netijesinde bolsa 1992-nji ýylda baglaşylan Maastriht şertnamasynyň esasynda 1994-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Ýewropa Ykdysady Bileleşigi Ýewropa Soýuzy diýlip atlandyrylyp başlanýar.

Ýewropadaky integrasion prosesleriň ösüşi iki ugur boýunça – giňelmek we çuňlaşmak esasynda bolup geçdi. Giňelmek ugry boýunça alanyňda ozalky alty agzalarynyň üstüne 1973-nji ýylda Beýik Britaniýa, Daniýa, Irlandiýa, 1981-nji ýylda Gresiýa, 1986-njy ýylda Ispaniýa, Portugaliýa, 1995-nji ýylda Finlýandiýa, Awstriýa, Şwesiýa girdi we olaryň sany on bäşe ýetdi. 2004-nji ýylda integrasiýanyň düzümine birbada on döwlet goşuldy. Olara Latwiýa, Litwa, Estoniýa, Polşa, Çehiýa, Wengriýa, Sloweniýa, Slowakiýa, Malta we Kipr degişlidir. 2007-nji ýyla geçilen gijede Bolgariýanyň we Rumyniýanyň girmegi bilen onuň sany 27 döwlete ýetdi.

ÝS-niň döredilmegi birnäçe sebäpler bilen şertlenendir. Birinji uly bolmadyk bu sebitde köp döwletleriň ýerleşmegi, ykdysady gatnaşyklary işjeňleşdirmäge mümkinçilik döredýärdi. Şeýle mümkinçilikden ilkinji nobatda günbatar Ýewropa ýurtlary peýdalanmak isleýärdiler.

Ikinjiden, yzly-yzyna turan jahan uruşlary Ýewropada bolupdy. Geljekde şeýle uruşlaryň gaýtalanmazlygy, ondan sapak almagy we ýeke-täk Ýewropa medeniýetini gorap saklamak, ony ösdürmek meselesi ýüze çykypdy.

Üçünjiden, geçen asyryň 90-njy ýyllaryna çenli Ýewropa döwletleri iki sany bir-birine garşy bolan jemgyýetçilik gurluşyň täsirine düşüpdi. Bu ýagdaý sebitiň ýurtlarynyň birleşmek meýlini has güýçlendirdi.

Dördünjiden, bazar ykdysadyýetli hojalyk Ýewropada beýleki sebitlere garanyňda has ir ýüze çykdy. Bu bolsa hojalyklaryň bir-birine goşulyşmagyna mümkinçilik döredýärdi. Şol bir wagtyň özünde Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň ykdysadyýeti daşary gatnaşyklara garaşlydy.

Bäşinjiden, dünýäniň beýleki sebitlerinde ykdysady, syýasy täsiri güýçlendirmek zerurlygy ýüze çykypdy. Ikinji jahan urşundan soň kapitalistik dünýäde taýsyz güýje öwrülen ABŞ-nyň dünýäniň dürli sebitlerinde we Ýewropa döwletlerine hem täsiri uludy. Bu täsiri azaltmak we garşylykly täsir etmek meselesi integrasiýa gatnaşýan döwletleriň öňünde duran meseleleriň biridi.

Altynjydan, ozalky koloniýalarynyň dargamagy bilen olar bilen alnyp barlan ykdysady gatnaşyklar hem pese gaçypdy. Garaşsyz bolan döwletlere beýleki güýçli döwletler täsir edip başlapdy. Ozalky koloniýalary bilen, täze gatnaşyklary açmak we Ýewropa täsirini saklamak gün tertibinde duran meseleleriň biridi.

Ýokarda bellenilip geçilen sebäpler Ýewropa döwletlerini hemmetaraplaýyn birleşmäge getirdi. Onuň netijesinde häzirki döwrüň iň kämil integrasiýasy hasaplanylýan ÝS emele geldi.

Günbatar Ýewropada başlanan integrasiýanyň ösüşini birnäçe döwürlere bölmek bolar. Ösüşiň döwürlere bölünmeginiň sebäbi agza döwletleriň yzygiderli artmagy, bu döwletlerde hojalyk gatnaşyklarynyň tapawutly bolmagy çykyş edýär.

Birinji döwür geçen asyryň 50-nji ýyllarynyň birinji ýarymyny öz içine alýar. Bu döwür birleşmek meýliniň ýüze çykan we ösüp başlan ýyllarydyr.

Ikinji döwür 1950-nji ýyllaryň ikinji ýarymyndan 1970-nji ýyllar aralygy öz içine alýar. Bu aralyk ÝS-niň döredilmeginde möhüm ähmiýete eýe bolan ýyllar hasaplanýar. Rim ylalaşygynyň çäklerinde dört erkinligi ýagny, harytlaryň, hyzmatlaryň, işçi güýjüniň, kapitalyň erkin hereketini üpjün etmek göz öňunde tutuldy. Bu işler tapgyrlaýyn amala aşyryldy. Ilki bilen agza döwletleriň arasynda erkin söwda zonasy döredildi. Şondan bir ýarym ýyl geçmänkä-de gümrük soýuzy döredildi. Senagat harytlarynyň özara çäklendirmesi ýatyrylyp, üçünji döwletler üçin ýeke-täk gümrük tarifi bellenildi. Aýratyn ýetilen sepgitleriň biri hem agza döwletleriň ýeke-täk oba hojalyk syýasatyna geçmegidir.

Üçünji döwür 1970-nji ýyllardan onuň ortalaryna çenli aralygy öz içine alýar. Bu ýyllarda integrasiýanyň iň kynçylykly, gapma-garşylykly ýyllary boldy. Aýratyn-da hojalyklaryň arasynda walýuta gatnaşyklaryny sazlaşdyrmak esasy meseleleriň biridi. Emma, dürli kynçylyklara garamazdan, ÝS düzümini we mehanizmini kämilleşdirmegini dowam etdirdi.

Dördünji döwür 1970–1990-njy ýyllar aralygy bolup, ÝS-da düýpli öz-

17. Sargyt № 1094.

gertmeleriň geçirilen wagtydyr Rim ylalaşygy, Ýeke-täk Ýewropa akty we başga-da birnäçe ylalaşyklaryň esasynda «serhetsiz içerki giňişlik» döredildi. «Serhetsiz içerki giňişligiň» döredilmeginiň meýilnamasy 1985-nji ýylda çap edilen «Ak kitap» diýlip atlandyrylan neşirde öz beýanyny tapdy. Bu meýilnama 300 töweregi anyk çäräni öz içine aldy. Bu meýilnama 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli doly ýerine ýetirildi. Hünärmenleriň bellemegine görä, integrasiýa gatnaşýan döwletleriň hojalyklary yza gaýtmasyz ýagdaýda birleşdi.

Bäşinji döwür 1991-nji ýyldan häzirki wagty öz içine alýar. Bu döwürde ykdysady, syýasy we walýuta soýuzyna gutarnykly geçildi. Şonuň üçin 1993-nji ýylda Ýewropa Ykdysady Bileleşigi Ýewropa Soýuzy diýlip atlandyrylyp başlandy.

ÝS ösüşiniň häzirki döwründe üç sany täze ugruň üstünde işleýär:

– birinjiden, ýeke-täk ÝS-niň raýatlygyny döretmek. Ýagny agza döwletleriň ýaşaýjylary şol bir wagtyň özünde ÝS-niň we milli döwletleriň raýaty diýip hasaplanylmaly;
– ikinjiden, bilelikdäki syýasy soýuzy döretmek. Agza döwletleriň hemmesi umumy daşary syýasaty ýöretmek, döwletleriň hukuk we salgyt ulgamlaryny ýakynlaşdyrmak, Ýewropa parlamentiniň ähmiýetini ýokarlandyrmak;
– üçünjiden, agza döwletleriň arasynda ýeke-täk walýuta esaslanýan ykdysady we walýuta soýuzyny döretmek.

Ýewropa integrasiýasynyň ösüş döwürlerine seredip, birnäçe netije çykarmak mümkin. ÝS häzirki wagtda kanunçylyk, ýerine ýetirijilik we kazyýet edaralarynyň tapawutly bolanlygy üçin dürli kynçylyklara duş gelýär. Bu meseleler bolsa guramaçylyk işlerini kynlaşdyrýar. Bu kynçylyklary aradan aýyrmak üçin birnäçe institutlar döredildi.

– Ýewropa Geňeşi. Ol ÝS ýurtlarynyň döwlet we hökümet baştutanlaryndan ybarat bolup, düýpli meseleler üçin ýygnanyşýarlar.

– Ministrler geňeşi. Gündelik ykdysady meseleler üçin ýygnanyşýarlar.

– Ýewropa komissiýasy. Baş ýerine ýetiriji edara ýa-da ÝS-niň hökümeti. Olar esasan maliýe serişdelerini dolandyryjylardyr.

– Ýewropa parlamenti. Wekilçilikli edara bolup, agza döwletler tarapyndan göni ses bermek arkaly 5 ýyl möhlete saýlanylýar.

– Ýewropa sudy – ÝS-da ýeke-täk kanunçylygy ýöredýär.

– Auditor palatasy – ÝS-niň girdejilerini we çykdajylaryny barlamak maksady bilen döredildi.

– Umumy býujet-fondlary, banklary, aýratyn-da Ýewropa Merkezi bankyny emele getirmek üçin döredildi.

Integrasiýa gatnaşýan döwletleriň käbiri özbaşdaklygynyň (suwerenitet-

liginiň) bellibir bölegini integrasiýanyň institutlaryna berdiler. Munuň sebäbi integrasion soýuzy güýçlendirmekden we agza döwletleriň arasynda täsirini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

Käbir döwletler bolsa integrasiýa doly goşulmak milli ykdysadyýet üçin howply hasaplaýarlar. Olara Portugaliýa, Ispaniýa, Gresiýa, Irlandiýa degişlidir. Olar güýçli bäsdeşlige milli öndürijileriniň tap getirip bilmezliginden howatyrlanýarlar.

ÝS-niň giňelmegi agza döwletleriň arasynda dürli gapma-garşylyklara hem getirýär. Agza döwletler ÝS-na garaýşy boýunça iki topara bölünýär. Birinji topar döredbefore alty sany döwlet bolup, olar has birleşmäge ýykgyn edýärler. Ikinji topar ÝS-niň düzüminde bolup, özbaşdaklygy saklap galmak isleýär. Olara, Angliýa, Polşa, Baltika ýurtlary degişlidir.

Dürli kynçylyklara, gapma-garşylyklara garamazdan, integrasion prosesleriň güýçlenmegi agza döwletleriň durnukly ösüşe eýe bolmagyna getirýär. ÝS häzirki dünýä hojalygynyň iň kämil integrasiýasydyr.

**NAFTA.** Integrasion birleşmeler dünýäniň dürli sebitlerinde hereket edýärler. Şeýle integrasiýalar Amerika yklymynda hem hereket edýär. Bu yklymdaky has täsirli integrasiýa NAFTA-dyr (North Amerikan Free Trade Area – NAFTA). Bu integrasiýa ABŞ-nyň, Meksikanyň, Kanadanyň gatnaşmagynda 1994-nji ýylda döredildi.

Integrasiýa döredileni bäri onuň agzalary gümrük tariflerini peseltmek meýilnamasyny ýerine ýetirdiler. Berilýän maglumatlara görä, ABŞ Meksikanyň eksportyna salynýan gümrük tarifini 84% peseltdi. Meksika öz gezeginde amerikan harytlaryna 43%, Kanada harytlaryna 41% tarifini peseltdi. Häzirki wagtda NAFTA-nyň erkin söwda boýunça komissiýasy, sekretariaty, institutlary, birnäçe ylmy-barlag toparlary döredildi. ÝS-dan tapawutlylykda NAFTA ykdysady gatnaşyklary sazlaşdyrýan, ýeke-täk bütewi ulgama, syýasata, ýeke-täk walýuta geçmegi göz öňünde tutmaýar. Häzirki wagta çenli gümrük soýuzy hem döredilmedi. Onuň diňe çekişmeleri dowam edýär. Şeýle hem harytlaryň, hyzmatlaryň, kapitalyň, işçi güýjüniň hereketini özara çäklendirmek dowam edýär. Mysal üçin, ABŞ Meksikadan gelýän immigrantlaryň akymyny çäklendirýär.

NAFTA-nyň integrasion birleşmä liberal garaýşy bar. Şonuň üçin bu integrasion herekete döwletleriň täsiri uly däldir. Bu ýagdaý integrasion proseslere oňaýsyz täsir edýär. Agza döwletleriň beýleki integrasiýalar bilen daşary söwdasy umumy söwdanyň 56%-ni tutýar.

Bu birleşmede esasy utuş gazanjagyň Meksikadygy bellenilýär. Daşary ýurt maýasynyň akymynyň güýçlenmegi, eksport harytlaryna gümrük tarifiniň peselmegi, täze tehnologiýa daýanýan önümçilikler, täze iş orunlary meksikan ykdysadyýetine oňaýly täsir edýär.

**MERKOSUR.** Latyn Amerikasynda iň iri hasaplanylýan integrasiýadyr. Onuň türkmen dilindäki manysy Günorta konus döwletleriniň umumy bazary diýmegi aňladýar. Ol Argentinanyň, Braziliýanyň, Paragwaýyň we Urugwaýyň gatnaşmagynda 1991-nji ýylda döredildi. 2005-nji ýylda Wenesuela hem goşuldy. Häzirki wagtda integrasiýa Latyn Amerikasynyň ilatynyň 45%-ni (200 milliondan gowrak), jemi içerki önüminiň 50%-ni (2 trillion dollardan gowrak), daşary ýurt göni maýa goýumlarynyň 40%-ni, yklymyň daşary söwda dolanyşygynyň üçden birini özünde jemleýär.

Agza döwletler ilki bilen erkin söwda zonasyny döretmegi göz öňünde tutýardylar. Soňlugy bilen kapitalyň işçi güýjüniň erkin hereketini üpjün etmek bellenildi. Şeýle-de ýeke-täk gümrük tarifi, gümrük soýuzy, senagat, oba hojalyk, ulag we aragatnaşyk, walýuta-maliýe ulgamynda bütewüleşdirilen düzgünleri girizmek meýilleşdirildi.

1994-nji ýylda agza döwletler gümrük soýuzyny döretmegiň meýilnamasyny kabul etdiler. 1995-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-den üçünji döwletler üçin umumy tarif işläp başlady. Import edilýän harytlaryň 85%-i gümrük tarifiniň içine girizildi.

Integrasiýany dolandyrmagyň edaralary hem döredildi. Umumy bazaryň Geňeşi daşary işler ministrleriniň gatnaşmagynda geçirilýär. Umumy bazaryň topary ýerine ýetiriji edara bolup, onuň ştab-kwartirasy Montewideoda ýerleşýär. Umumy bazar toparynyň tabynlygyndaky onlarça tehniki komissiýalar döredildi. Şeýle hem Bilelikdäki parlament komissiýasy, söwda meseleleri boýunça komissiýa, jemgyýetçilik-maslahat beriş forumy döredildi.

MERKOSUR-a gatnaşýan döwletlere özaralaryndaky dürli kynçylyklary üstünlikli çözmek başardanok. Mysal üçin, döwletleriň içerki söwdasynda gümrügi doly aradan aýyrmak başa baranok. Mysal üçin, Urugwaý milli bazaryny goramak üçin has köp harytlara gümrük salgydyny belleýär. Daşary söwda gatnaşyklarynda hem ýeterlik gapma-garşylyklar ýüze çykýar. Mysal üçin, Braziliýa we Argentina ýokary tehnologiýaly önümleriň importyna ýeňillik döredýär. Urugwaý bilen Paragwaý tehniki taydan Braziliýa we Argentina garaşly. Şular ýaly sebäpler integrasiýa gatnaşýan döwletleriň arasyndaky söwda gatnaşyklarynyň ösmegini bökdeýär.

**FTAA.** Amerika yklymynda geljegi uly diýip hasaplanylýan ýene-de bir integrasiýa hereket edýär. Ol FTAA (Free Trade Area of the Americas) diýilip atlandyrylýar. Türkmen dilinde «Umumy amerikan erkin söwda zonasy» diýmegi aňladýar.

Günbatar ýarym şary öz içine alýan umumy integrasiýany döretmek barada Ikinji jahan urşy başlanmanka gürrüň edilip başlandy. Ony döretmek boýunça hereketler welin geçen asyryň 90-njy ýyllarynda ýüze çykdy.

FTAA-ny döretmek boýunça ylalaşyk 2004-nji ýylda baglaşyldy we 2006-njy ýylyň ýanwar aýynyň 1-den güýje girdi. Halkara synçylary bu ýagdaýa ÝS-niň giňemegine ABŞ-nyň jogaby hökmünde seredýärler.

Bu integrasiýanyň öňünde çözülmeli meseleler örän köp. NAFTA-nyň we MERKOSUR-yň agzalarynyň käbiri bu integrasiýa howatyrly garaýarlar. Olar bu integrasiýanyň üsti bilen ABŞ-a özüniň hökmürowanlygyny has güýçlendirer diýip hasaplaýarlar. Bu döwletlere ilki bilen Braziliýa, Wenesuela we Meksika degişlidir.

**ASEAN.** Aziýa-Ýuwaş umman sebiti döwletlerine dünýä ilatynyň 40%-i, dünýäniň jemi önüminiň 60%-i, dünýä söwdasynyň 50%-i düşýär. Bu sebitde iň görnükli integrasiýa ASEAN-dyr (Association of South East Asian Nations). Türkmen dilinde «Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň Assosiýasy» diýmegi aňladýar.

Assosiasiýa 1967-nji ýylda bäş döwletiň – Singapuryň, Malaýziýanyň, Taýlandyň, Indoneziýanyň, Filippinleriň gatnaşmagynda döredildi. Onuň düzümine 1984-nji ýylda Bruneý, 1995-nji ýylda Wýetnam, 1997-nji ýylda Laos we Mýanma, 1999-njy ýylda Kamboja goşuldy.

Ilki döredilen wagtynda integrasiýanyň ösüşi gowşakdy. Soňky ýyllarda onuň ösüş tizligi mese-mälim çaltlandy. Integrasiýa gatnaşýan döwletler gümrük tarifini 5%-e ýetirmek barada ylalaşdylar. 2010-njy ýylda ilkinji bäş agzanyň arasynda gümrük tarifini doly aýyrmak, galan agzalary üçin 2015-nji ýyla çenli gümrük tarifini doly aradan aýyrmak göz öňünde tutulýar.

ASEAN-yň esasynda oňa Hytaýyň, Ýaponiýanyň, Günorta Koreýanyň, assosirlenen agza hökmünde Hindistanyň, Awstraliýanyň, Täze Zelandiýanyň gatnaşmagy integrasiýanyň ösmegine kuwwatly itergi berýär.

**ATES.** Bu sebitde ATES (Asia-Pacific Economic Corporation), «Aziýa-Ýuwaş umman ykdysady hyzmatdaşlygy» diýlip atlandyrylýan integrasiýa hereket edýär. Onuň düzümine ýigrimiden gowrak döwlet girýär. Olara ABŞ, Kanada, Ýaponiýa, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Koreýa, Singapur, Tailand, Malaýziýa, Filippinler, Indoneziýa, Bruneý, Hytaý, Taýwan we Gonkong (Taýwan we Gonkong (täze ady Sýangan) özbaşdak territoriýa hökmünde gatnaşýar), Meksika, Papua-Täze Gwineýa, Kiribati, Marşal adalary, Çili, Wýetnam, Peru, Russiýa degişlidir. Bu integrasiýa «maslahatlaşmak» häsiýetine eýe bolup, oňa sebitiň hökümetara forumy hem diýilýär. Bu integrasiýa gatnaşýan döwletleriň esasy maksady agza döwletleriň arasyndaky dürli ykdysady gatnaşyklary HSG-iň (Halkara söwda guramasynyň) kadalaryna laýyklykda ösdürmekdir.

**Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy.** 1991-nji ýylyň aýagynda Russiýanyň, Ukrainanyň, Belarusyň prezidentleri SSSR-iň dargadylýandygyny, onuň ýerine Garaşsyz Döwletleriň

Arkalaşygynyn döredilýändigi barada karar kabul etdiler. Bu arkalaşyga ýenede 9 sany ozalky soýuz respublikalary hem girdiler. Üç sany Baltika döwletleri bolan Latwiýa, Litwa, Estoniýa arkalaşyga goşulmady. Şeýlelikde, 12 döwleti öz içine alýan GDA diýlip atlandyrylýan integrasiýa döredildi. Integrasiýanyň maksady agza döwletleriň arasynda ykdysady, syýasy, gumanitar ulgamda, halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklary saklamakdan ybaratdy. GDA ýeke bir ozalky soýuz respublikalar üçin däl-de, beýleki döwletler üçinem açyk integrasiýadyr.

GDA-ny dolandyrmak üçin döredilen institutlar entek netijeli işläp bilenok. Onuň sebäbi agza döwletleriň bähbitleriniň bir-birine çapraz gelmegi, käbir halklaryň bir-birine duşmançylykly garamagy çykyş edýär. Häzirki wagtda GDA-ny dolandyrmagyň aşakdaky institutlary hereket edýär.

Döwlet baştutanlarynyň Geňeşi – olar Prezidentleriň derejesinde bolup, esasy kararlary kabul edýärler; hökümet baştutanlarynyň geňeşi – prezidentleriň kararlaryny we görkezmelerini ýerine ýetirýärler;

– daşary işler ministrleriniň geňeşi – üçunji döwletler we arkalaşyga girýän ýurtlaryň arasynda gatnaşyklary maksadalaýyk alyp barmak üçin ýygnanyşýarlar;
– goranmak ministrleriň geňeşi – arkalaşyga girýän ýurtlaryň arasynda ýaraglaryň satylyşy, harby ulgamda hyzmatdaşlyk, parahatçylygy üpjün etmek meseleleri boýunça ýygnanýarlar.

Serhet goşunlarynyň serkerdeleriniň geňeşi – arkalaşyga girýän ýurtlaryň daşary serhetlerini goramak, zerurlygy ýüze çyksa birek-birege kömek etmek meseleleri boýunça ýygnanýarlar.

Parlamentara Assambleýa – GDA ýurtlarynyň parlamentleriniň wekillerinden ybarat bolup, parlamentleriň arasynda özara tejribeleri paýlaşmak, hukuk esaslaryny üpjün etmegiň meselelerine seredilýär.

Ykdysady kazyýet – GDA ýurtlarynyň hojalyk birlikleriniň arasyndaky söwda-ykdysady düşünişmezliklere seredýär.

GDA-nyň hemişelik hereket edýän we ugrukdyryjy edarasy ykdysady geňeşdir. Guramaçylyk işlerini ýerine ýetiriji sekretariat alyp barýar. GDA-nyň edaralary ses bermek ýörelgesine esaslanýar. Her bir agza döwletiň ses bermezlige we edaranyň işine gatnaşmazlyga hukugy bar. GDA kabul edilen kararlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmeýär.

GDA-nyň dürli edaralarynyň sany altmyş töweregi bolup, olar anyk ugurlar boýunça hereket edýär. Bu edaralarda jemi iki müňe golaý adam işleýär. Edaralaryň hemmesiniň maksady agza döwletleriň arasynda netijeli hereketi alyp barmakdan ybaratdyr.

GDA ilki döredilende on iki sanydy. Häzirki günde on sany agza döwlet bar. Türkmenistan 2005-nji ýylda GDA-nyň Kazan şäherinde geçen duşuşygynda mundan beýläk integrasiýanyň düzümine assosirlenen agza hökmünde gatnaşjakdygyny mälim etdi. 2008-nji ýylyň awgust aýynyň 8-indäki wakadan soň Gruziýa hem GDA-nyň agzasy bolmakdan boýun gaçyrdy.

# IV BÖLÜM
# DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINIŇ ÖSEN ÝURTLARY

## XVII BAP
## DÜNÝÄ HOJALYGYNYŇ ÖSEN DÖWLETLERI

### 17.1. Ösen ykdysadyýetleriň alamatlary

Ösen döwletler dünýä hojalygynda agalyk ediji orny bilen eýeleýär. Olar DJÖ-niň 3/4 bölegini öndürmek bilen, tebigy baýlyklary esasy peýdalanyjylar bolup çykyş edýärler. Bu döwletlerde dünýä ilatynyň 16%-e golaýy ýaşaýar, emma muňa garamazdan, dünýäniň ykdysady we ylmy-tehniki gurbatynyň esasy bölegi bu ýurtlaryň paýyna düşýär. Ösen döwletleriň dünýä hojalygyna edýän täsiri örän ýokarydyr. Olar dünýä ykdysadyýetiniň ösüşini, meýlini, düzümleýin üýtgemesini kesgitleýärler. Häzirki wagtda 30 töweregi döwlet ösen ýurt hasap edilýär.

Geçen asyryň ikinji ýarymyndan başlap ösen döwletler dünýä hojalygyndaky ornuny berkitmek syýasatyny ýöredip başladylar. Munuň üçin milli hojalygy ýörelgeleýin üýtgedip gurmak zerurlygy ýüze çykdy. Milli hojalygy üýtgedip gurmak, onuň dünýä ykdysadyýetindäki ornuny giňeltmek we pugtalandyrmak üçin hemişe ösýän döwlet goldawy zerurdy. Bazar ykdysadyýetli hojalyga döwletiň goşulyşmagy, hususyýetçilere uly döwlet goldawynyň berilmegi şol ýyllarda milli hojalygy üýtgedip guramagyň esasy ugruna öwrüldi.

Ykdysadyýete döwletiň gatyşmagynyň esasy usullarynyň biri – ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek, ony meýilnamalaşdyrmak-

dan ybaratdyr. Bu usul ozalky SSSR-iň tejribesinden bellidir. Ýöne ösen döwletler meýilnamadaky görkezijileri ýerine ýetirmegi hökmany borç edip goýmaýarlar. Ol görkezijileriň ýerine ýetirilmegi administratiw-buýruk bermek esasynda däl-de, bazar çäreleri esasynda höweslendirmek arkaly amala aşyrylýar. Ol çärelere döwlet buýurmalary we satyn almalary, harytlary ýerleşdirmäge, önümçiligi täzeden enjamlaşdyrmaga kömek etmek, karzlary bermek degişlidir.

Döwletiň ykdysadyýeti meýilnamalaşdyrmagy döwletiň ykdysadyýeti ösdürmek üçin birnäçe çäreleri işläp düzmegi we olaryň ýerine ýetirilmegi üçin ýol görkezmegidir. Diňe şonuň netijesinde ösen döwletler dünýä hojalygyndaky ornuny saklaman, ony has hem giňeltmegi başardylar.

XX asyryň ahyrynda döwletiň ykdysadyýetindäki orny üýtgäp başlady. Sebäbi döwlet bazar gatnaşyklaryna örän işjeň goşulyp başlady. Hojalyk birliklerine erkinlik bermek, döwlet eýeçiligini azaltmak, býujet harajatlaryny peseltmek barha zerur bolup başlady. Şol wagta çenli ykdysadyýeti liberallaşdyrma ideýasy barha ösüp başlapdy. Ol keýnsiançylyk nazaryýete, ýagny ykdysadyýeti döwlet tarapyndan sazlaşdyrmak ideýasyna ters gelýärdi. Sebäbi ykdysadyýete döwlet goşulyşmasynyň artmagy oňaýsyz ýagdaýlary ýüze çykaryp başlady. Ol ýagdaýlara hususy eýeçiligi döwletiň netijeli dolandyryp bilmezligi, döwlet meýilnamasynyň çeýe kararlary çykarmaga ýol bermeýän pugta düzgünleri, resurslaryň deň paýlanmazlygy, korporasiýa we ş.m. sebäpler degişlidir. Şu ýagdaýlaryň esasynda ykdysadyýetde döwletiň paýy kemelip başlady. Emma, 2008-nji ýylda ýüze çykan maliýe-ykdysady çökgünlik zerurlygy ösen ýurtlarda hem döwletiň ykdysadyýetdäki paýy artyp başlady.

Umuman alanyňda, bazar ykdysadyýeti şertlerinde döwletiň ykdysadyýetindäki orny ylmy-tehniki progresi çaltlandyrmak bolup durýar. Onuň üçin ösen döwletler birnäçe çäreleri geçirip başlaýar. Ol çärelere önümçiligiň tehniki we tehnologiki täzelenmegini höweslendirmek, täze enjamlaryň ornaşdyrylmagyna ýeňillikler döretmek, ylmy-barlaglary maliýeleşdirmek, kärhanalaryň ylmy-tehniki üstünlikleri özleşdirmelerini höweslendirmekden ybaratdyr. Şunuň bilen baglanyşyklylykda ösen döwletlerde (mysal üçin, ABŞ, Germaniýa, Ýaponiýa) innowasion taslamalara, önümçiligi maliýeleşdirmäge goýberilýän serişdelere doly döwlet gözegçiligini ýola goýýarlar. Häzirki wagtda ösen ýurtlarda ylmy-barlaglara goýberilýän harajatlaryň 1/3 bölegi döwlet býujetiniň paýyna düşýär.

YTP-niň ýokary depginini gazanmak üçin edilýän döwlet goldawy gytaklaýyn kömekler bilen üsti ýetirilýär. Ol kömeklere ykdysadyýetiň pudaklarynyň ösüşini çaltlandyrmak üçin taslamalary, maksatnamalary ýe-

rine ýetirmek, uniwersitetleriň özara hyzmatdaşlygyny ýola goýmak, ylmy-barlag merkezleri we ýörite senagat kärhanalaryny döretmek degişlidir. Ösen döwletler üçin «bilim--ylym-önümçilik» toplumy häsiýetli alamatlaryň biridir.

Häzirki wagtda ösen döwletlerde ylym şäherleri döredilip başlandy. Olara başgaça tehnopolisler hem diýilýär. Ýaponiýada şeýle şäherler, esasan, ylym siňňitli önümçilikler bolan awiakosmos, robotgurluşyk, elektronika, hasaplaýjy tehnikalary öndürmäge ýöriteleşýär. ABŞ-da şeýle tehnopolis Kaliforniýa ştatynda ýerleşip, ol silikon (Kremniý) jülgesi diýlip atlandyrylýar. Bu ýerde esasan köp sanly kompýuter firmalary ýerleşip, hasaplaýjy tehnikalaryň ösüşine uly goşant goşýar.

Ösen döwletlerde döwletiň kömegi bilen YTP-niň ýokary ösüş derejesi gazanyldy. Netijede, bu döwletler örän uly ylmy-tehniki gurbata eýe boldular. Munuň özi ösen döwletleriň esasy aýratynlyklarynyň biridir. YTP-e başgaça ylmy-barlag we tejribe konstruktor işleri (YBTKI) diýilýär. YBTKI-niň harajatlarynyň 90%-i ösen ýurtlaryň paýyna düşýär. Bu ugurda öňdebaryjy ýurt ABŞ-dyr. Onuň bu ugra goýberýän harajatlary Günbatar Ýewropa we Ýaponiýanyň bilelikdäki çykdajylaryndan hem ýokarydyr.

YTP-niň esasy görkezijileriniň biri ylmy siňňitli önümçilikdir. Şeýle önümçilikleriň esasy ösen ýeri ABŞ, Germaniýa we Ýaponiýadyr. Ylym siňňitli önümçiligiň ösüş derejesi Germaniýada has ýokarydyr. Ylym siňňitli önümçiligiň JIÖ-däki paýy Germaniýada 12%-e, ABŞ-da 9%-e, Ýaponiýada 11%-e barabardyr. Bilermenleriň hasaplamalaryna görä, Germaniýa ýakyn ýyllarda YTP-niň önümçilige ornaşdyrylyşy boýunça dünýä liderine öwrüler. YTP öz gezeginde ösen bilim ulgamyna daýanýar. Mysal üçin, Ýaponiýada 450 sany uniwersitet öňdebaryjy tehnologiýalaryň üstünde işleýär.

Ösen ýurtlaryň, hojalygyň diňe bir ýokary bilimiň ylmy-barlaglaryň merkezi bolman, ýokary hünär taýýarlykly işçi güýjüniň hem çeşmesi bolup çykyşedýär. Bu döwletlerde bilimli, ýokary hünär taýýarlykly işçilere has ýiti mätäçlik döreýär. Şol bir wagtyň özünde ösüp gelýän ýurtlaryň arzan işçi güýjüni peýdalanmak üçin senagatyň başlangyç basganҫagyna degişli önümçilikler bu ýurtlara geçirilýär. Ol önümçiliklere metallurgiýa, himiýa, dokma kärhanalary degişlidir.

YTP ösen ýurtlaryň ykdysadyýetlerini täzeden gurady. Bu ýurtlaryň JIÖ-niň düzüminde material-maddy pudaklaryň paýy azalýar. Onuň tersine, hyzmat ulgamynyň paýy barha ýokarlanýar. Serişdeleriň hyzmat sferasyna gönükmegi bilimiň, saglygy goraýşyň, sosial-üpjünçiligiň, tebigaty goramagyň ýokarlanmagyna getirýär. Munuň özi syýahatçylygyň, dynç almagyň, internetiň, kompýuter hyzmatlarynyň okgunly ösmegine getiril-

ýär. YTP-e daýanyp, ykdysadyýeti düzümleýin üýtgedip guramak ösen ýurtlaryň ýene-de bir wajyp aýratynlyklarynyň biridir.

Ösen döwletleriň esasy pudaklarynyň biri – awtomobil gurluşygydyr. Bu pudak ykdysadyýetiň özboluşly görkezijisi bolup çykyş edýär. Awtomobil gurluşyk birnäçe pudaklaryň ösmegine getirýär. Olara rezin, aýna, radioapparatura, detallar we ş.m. degişlidir. Ösen ýurtlarda her ýylda jemi 50 milliondan gowrak ýeňil we ýük awtomobilleri öndürilýär. Esasy awtomobil öndüriji döwletlere ABŞ, Ýaponiýa, Germaniýa, Fransiýa, Italiýa we Koreýa degişlidir.

Ösen döwletleriň esasy alamatlarynyň biri hem ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarylygydyr. Bu ýurtlarda JIÖ-niň adam başyna düşüşi dünýäniň ortaça derejesinden 5 esse ýokarydyr. Bu görkeziji boýunça öňdäki orunlary Şwesiýa, Lýuksemburg, Norwegiýa, Daniýa ýaly ýurtlar eýeleýär.

Durnukly jemgyýet ykdysady ösüşiň esasy şertidir. Jemgyýetiň durnukly bolmagy onuň ähli agzalarynyň ýaşaýyş şertleriniň ýokarlanmagyna getirýär.

Bu ýagdaý ösen ýurtlarda döwlet işiniň esasy ugruny halkyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirmegine getirýär. Olarda girdejileriň deňeçer paýlanylmagy üçin birnäçe çäreler geçirilýär. Mysal üçin, miras galan emläge salgyt, salgyt salmagyň progressiw derejesi, iň pes aýlyk haky barada kanunlar we ş.m. degişlidir. Döwletleriň pensiýa, medisina, bilim, işsizlere töleýän serişdeleri üzül-kesil ýokarlandy. Netijede, ösen döwletlerde «ählumumy eşretlilik» emele geldi. «Ählumumy eşretlilik» döwletleriň işiniň esasy ugry bolup, ol ýokary derejedäki ýaşaýşy emele getirmäge aýdylýar. Häzirki wagtda iň köp girdeji gazanýanlar we köp pul sowýanlar ösen ýurtlaryň ýaşaýjylarydyr.

Soňky ýyllarda ösen ýurtlaryň sosial harajatlary pese düşüp başlady. Ol häzirki wagtda ortaça JIÖ-niň 1/5 bölegine deň. Hünärmenleriň pikirine görä, bu ýagdaý ýakyn geljege çenli dowam eder.

Ösen ýurtlara ýokary derejede halkara ykdysady gatnaşyklar degişlidir. Olaryň ortaça JIÖ-niň 1/5 bölegi eksport edilýär we şoňa hem import edilýär. Açyk ykdysadyýetler hem şu ýurtlaryň paýyna düşýär. Aýratyn hem Ýewropanyň uly bolmadyk ýurtlarynyň açyklyk derejesi has ýokarydyr. Ol ýurtlaryň bazarlary çäklidir. Şonuň üçin olaryň ykdysadyýetlerinde daşary ýurt kapitalynyň gatnaşygy örän ýokarydyr. Mysal üçin, Belgiýanyň JIÖ-siniň 70%-i, Niderlandlaryň 50%-i, Awstriýanyň 40%-i daşary ýurtlara degişlidir. Emma bazary uly bolan ýurtlar ABŞ-da we Ýaponiýada bu görkeziji 10–15%-den geçmeýär.

Ösen ýurtlaryň daşary ykdysady gatnaşyklarynda esasy orun kapitalyň halkara hereketine degişlidir. Maýa goýumlaryň esasy akymlary ösen ýurtlaryň öz arasynda alnyp barylýar. Ösen ýurtlar kapitaly çykarmagyň

we çekmegiň merkezleridir. Kapitaly iň köp çykarýan we çekýän ýurt ABŞ-dyr.

Maýa goýumlaryň esasy akymlary hyzmat sferasyny giňeltmäge gönükdirilýär. Daşary ýurt maýa goýumlary telekommunikasiýa we programma üpjünçiliginde has köp goýulýar.

Daşary söwdada ylym siňňitli harytlary eksport etmek ösen ýurtlaryň häsiýetli alamatlarynyň biridir. Şeýle hem lisenziýalaryň, patentleriň, ylmy-tehniki üstünlikleriň halkara söwdasy barha ýokarlanýar. Dünýäniň lisenziýa söwdasynyň agramly bölegi ösen ýurtlaryň paýyna düşýär. Ondan başga-da halkara bilim hyzmatyny amala aşyrmak ösen ýurtlara mahsus alamatlaryň biridir.

## 17.2. Dünýäniň üç ykdysady merkezi

Ösen ýurtlary öz aralarynda üç topara bölýärler. Oňa başgaça üç ykdysady merkez ýa-da üçlük hem diýilýär. Olara ABŞ, ÝS, Ýaponiýa degişlidir.

Üç merkeziň güýçli baglanyşykly ykdysadyýetleri bardyr. Mysal üçin, ABŞ-NAFTA girýän we Latyn Amerikasy ýurtlary bilen berk baglanyşyklydyr. ÝS bilen Merkezi, Gündogar Ýewropa, Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlary hem-de tutus Afrika yklymy berk baglanyşyklydyr. Ýaponiýa Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary we Awstraliýa bilen berk baglanyşyklydyr. Geljekde hem ABŞ-nyň Amerika yklymynda, ÝS-niň Ýewropada, Aziýada we Afrikada öz täsirini artdyrmagyna garaşylýar. Emma Ýaponiýanyň Aziýa sebitindäki liderligi barha gowşaýar. Ilatynyň barha garramagy, ykdysadyýetiň ösüşiniň pesligi, beýleki ýurtlaryň çalt ösmegi Aziýada esasy merkez bolmagyna bökdençlik döredýär. Hünärmenler ýakyn ýyllarda Hytaýyň esasy merkez bolmagyny çaklaýarlar.

Üç merkez halkara ykdysady gatnaşyklaryň dürli görnüşi boýunça bäsleşýärler. Halkara söwdada we kapital çykarmakda ÝS esasy orun eýeleýär. Emma ÝS-niň halkara söwdasy we maýasy agza döwletleriň paýyna düşýär. Emma NAFTA-nyň söwdasy we kapital eksporty beýleki ýurtlaryň paýyna düşýär.

Işçi güýjüni çekmek, ylmy täzelikleri eksport etmekde liderlik NAFTA degişlidir. Halkara hasaplaşykda dollar bilen ýewronyň bäsleşigi barha güýçlenýär.

# 17.3. Ösen ýurtlaryň sosial ulgamyndaky meýilleri

Ykdysadyýetiň ýokary derejede ösmegi ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär. Ykdysadyýetleriň esasy meseleleriniň biri deňeçerligi gazanmakdan ybaratdyr. Sosial deňeçerlik öz gezeginde emläk we jemgyýetçilik differensiasiýa bölünýär. Geçen asyryň tutuş dowamynda fiziki taraplaryň arasynda emläk we girdeji deňeçerligini gazanmak üçin tagalla etdiler. Munuň üçin emläk salgytlary yzygiderli peseldildi. Mysal üçin, ABŞ-da emläk salgydy 1929-njy ýylda 0,51% bolan bolsa, bu görkeziji häzirki wagtda 0,47%-e deň. Şeýle ýagdaý beýleki döwletlere hem mahsusdyr. Meselem, Germaniýada emläk salgydy 1950-nji ýylda 0,40%, 1971-nji ýylda 0,39%, 2000-nji ýylda 0,28%-e deň boldy. Italiýada 1968-nji ýylda 0,40%, 2000-nji ýylda 0,36%-e deň boldy. Şol bir wagtyň özünde ýönekeý adamlaryň arasyndaky sosial deňsizlik azaldy. Emma baý adamlaryň emlägi has artdy.

Soňky ýyllarda ösen döwletleriň sosial deňsizlige goýberýän harajatlary barha azalyp başlady. Bu serişdeleriň azalmagynyň birnäçe sebäpleri bar. Ilkinji nobatda ösen ýurtlarda ilatyň girdejileri üzül-kesil ýokarlandy we olaryň ýagdaýy orta deregä bardy. Ilatyň agramly böleginiň girdejileriniň ösmegi döwletiň sosial syýasatynyň we ykdysadyýetleriň liberallaşmasynyň netijesidir. Ilatyň girdejileriniň ýokarlanmagy olaryň döwlete bolan garaşlylygyny aradan aýyrýar. Ösen ýurtlaryň sosial we emläk deňeçerliginde olaryň ykdysady modeli hem täsir edýär. Amerikan modeli üçin emläk taýdan bölünişik düýpli tapawutly bolsa, sosial şertler birmeňzeşdir. Ýewropa modelinde emläk deňeçerligi bolup, sosial şertler hem täsir edýär. Ýapon modeline uly bolmadyk emläk deňsizligi mahsusdyr.

Ösen döwletlerde iş wagtynyň dowamylylygy we işsizlik dürli derejelerdedir. Ykdysadyýetiň we durmuş derejesiniň ýokarylygyna garamazdan, ABŞ-da we Ýaponiýada 1 ýyllyk iş sagatlary we iş günleri ýokarydyr. Olara ortaça ýyllyk iş sagady 18 sagat töweregidir. Aziýanyň çalt senagatlaşýan beýleki ýurtlarynda bu görkeziji has ýokarydyr. Hepdede gysga iş günlerine garamazdan, ABŞ-da zähmet rugsatlary hem gysgadyr. Ýagny ol 12 iş gününe deňdir. Ýaponiýada zähmet rugsady 18 iş gününe deň bolup, hepdedäki iş wagty 42,5 sagada barabardyr. Soňky 20 ýylyň dowamynda bu ýurtlardaky iş sagatlary üýtgemedi. Ýöne XX asyryň başyndaky ýagdaý bilen deňeşdireniňde iş sagatlary üzül-kesil kemeldildi. Geçen asyryň başlarynda bu ýurtlarda iş wagty 10–14 sagada deňdi. Umuman, iş wagtlarynyň gys-

galmagy zähmet öndürijiliginiň ýokarlanýandygyndan we ilatyň durmuş derejesiniň gowulanýandygyndan gelip çykýar.

Günbatar Ýewropada iş sagatlary has azdyr. Iş sagatlaryň ortaça ýyllyk möçberi Angliýada 17-ä, Italiýada – 16, Germaniýada we Fransiýada – 15, Gollandiýada we Norwegiýada – 14 töweregidir. Şol bir wagtyň özünde bu ýurtlarda zähmet rugsadynyň möçberi has ýokarydyr. Mysal üçin, Germaniýada zähmet rugsadynyň ortaça möçberi alty hepdä deňdir.

Sosial-ykdysady nusgalar işsizligiň derejesi boýunça hem tapawutlanýar. Işsizlik Günbatar Ýewropada 1913-nji ýylda 1,5%-e, 1950–1973--nji ýyllar aralygynda ortaça 2,9%-e, 1973–1998-nji ýyllar aralygynda ortaça 7,1%-e, 1996–2005-nji ýyllarda 9,6%, 2005–2010-njy ýyllarda ortaça 14–15 göterime deň boldy. Ýewropada işsizligiň barha ýokarlanmagy ilkinji nobatda ykdysady ösüşiň haýallamagy bilen düşündirilýär.

ABŞ-da işsizligiň derejesi 1913-nji ýylda 4,3%-e, 1950–1973-nji ýyllarda ortaça 4,6%-e, 1973–1998-nji ýyllarda 6,6%-e, 1996–2005-nji ýyllarda 5%-e, 2005–2010-njy ýyllarda 18–20 göterime barabar boldy. Soňky bäş ýylyň dowamynda işsizligiň derejesiniň birden ýokarlanmagy maliýe-ykdysady çökgünlik bilen düşündirilýär.

Ýaponiýada işsizligiň derejesi 1950–1973-nji ýyllarda 1,6%, 1973–1998-nji ýyllarda ortaça 2,5%-e 1996–2005-nji ýyllarda ortaça 4,5%-e, 2005–2010-njy ýyllarda 3,3%-e deň boldy. Ýaponiýada ykdysady ösüş gowşak hem bolsa, işsizligiň pes derejesi häsiýetlidir.

Umuman, ösen döwletler hem sosial-ykdysady görkezijiler boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar.

## 17.4. Daşary ykdysady gatnaşyklardaky meýiller

Ösen ýurtlar dünýä hojalygynda esasy orny eýeleýär. Ýöne soňky ýyllarda olaryň dünýä söwdasyndaky paýy azalmak meýline eýedir. Soňky ýyllarda Günbatar Ýewropanyň dünýä söwdasyndaky paýy peselip başlady. Sebäbi bu ýurtlaryň daşary söwdasynyň esasy bölegi ÝS-e girýän ýurtlaryň arasynda alnyp barylýar. ABŞ-nyň dünýä söwdasyndaky paýy 12%-e barabar bolup, birnäçe onýyllyklar bäri bu görkeziji üýtgemän gelýär. Ýaponiýanyň dünýä söwdasyndaky paýy 2-den 7%-e çenli ýokarlandy. Günbatar Ýewropanyň

dünýä söwdasyndaky paýynyň peselmegi, ilkinji nobatda, Angliýanyň hasabyna bolup geçdi. Çünki onuň dünýä söwdasyndaky paýy 15%-den 4%-e çenli pese düşdi.

Şeýle ýagdaý maýa goýumlaryň halkara hereketinde hem ýüze çykýar. Ösen döwletleriň maýa goýujylygy ösüp gelýän ýurtlaryň we halkara guramalaryň maýasynyň hasabyna pese düşdi.

Ösen ýurtlaryň töleg balanslary hem dürli-dürlüdir. Geçen asyryň 70--nji ýyllaryndan başlap, ABŞ-nyň daşary söwda galyndysy oňaýsyz häsiýete eýedir.

Onuň möçberi häzirki wagtda 1 trillion dollardan hem geçýär. ABŞ töleg balansyny daşyndan çekilýän maýa goýumlaryň hasabyna deňleşdirýär.

Dünýäniň beýleki üç ykdysady merkezlerinde daşary söwda oňaýly galynda eýedir. Bu ýagdaý aýratyn-da Ýaponiýada has äşgär ýüze çykýar. Daşary söwdasynyň oňaýly bolmagy Ýaponiýa daşary ýurtlara uly möçberlerde maýa goýmaga mümkinçilik berýär. Şeýle ýagdaý beýleki ösen döwletler üçin hem mahsusdyr.

Umuman alanyňda, ösen ýurtlaryň häzirki sosial-ykdysady ýagdaýlary biri-birinden tapawutly hem bolsa, ol tapawut düýpgöter ýokary däldir. Ösen döwletler häzir hem we geljekdäki onýyllyklarda hem dünýä hojalygyndaky ornuny saklarlar we ony giňelderler.

## 17.5. Ösen sekizlik ýurtlary

Uly sekizlik ýa-da Ösen 8-lik ABŞ-ny, Angliýany, Germaniýany, Fransiýany, Italiýany, Ýaponiýany, Kanadany we Russiýany öz içine alýan halkara klubdyr. Oňa resmi däl duşuşyk hem diýilýär. Bu döwletleriň liderleri dünýäniň aktual meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin ýylda bir gezek diňe agza döwletleriň birinde ýygnanyşýarlar.

Uly 8-lik halkara guramasy däldir. Onuň işi halkara şertnamalar arkaly berkidilmeýär, ýörite sekretariaty hereket etmeýär. Sekizligiň gelen kararynyň hiç-hili ýuridiki güýji, onuň düzgünnamasy, halkara hukuk derejesi-de ýokdur. Onuň düzümine girýän döwletleriň baştutanlary diňe halkara meselelerini çözmekde öz garaýyşlaryny beýan edýärler.

Uly 8-ligiň taryhy 1975-nji ýylda 6 sany bazar ykdysadyýetli ösen döwletleriň baştutanlarynyň duşuşygyndan başlanýar. Ol döwletlere ABŞ, Ýaponiýa, Britaniýa, Germaniýa, Italiýa, Fransiýa degişlidir. 1976-njy ýyl-

*11-nji tablisa*

**Uly 8-lik döredilenden bäri şu aşakdaky meselelere seredildi**

| T/№ | Geçirilen ýyly | Geçirilen ýeri (şäheri) | Seredilen meseleler |
|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** |
| 1 | 1975 | Rambuýe | Işsizlik, hümmetsizlenme, energiýa çökgünligi, halkara walýuta ulgamynda düzümleýin özgertmeleri geçirmek |
| 2 | 1976 | San-Huan | Halkara söwdasy, Günbatar bilen Gündogaryň özara gatnaşygy |
| 3 | 1977 | London | Ýaşlaryň arasyndaky işsizlik, dünýä ykdysadyýetini durnuklaşdyrmakda HPG-niň orny, energiýanyň alternatiw çeşmeleri, ösen döwletleriň nebiti eksport edýän ýurtlaryna baglylygyny azaltmak |
| 4 | 1978 | Bonn | Hümmetsizlenmegiň öňüni almak, ösüp gelýän döwletlere bütindünýä bankynyň we sebitleýin banklaryň üsti bilen kömek etmek |
| 5 | 1979 | Tokio | Nebitiň bahasynyň ýokarlanmagy, energiýa göterijileriň ýetmezçiligi, atom energetikasyny ösdürmegiň zerurlygy, Hindihytaýdan gelýän bosgunlar meselesi |
| 6 | 1980 | Wenesiýa | Nebitiň bahasynyň ýokarlanmagy, ösüp gelýän ýurtlaryň daşary ýurtlara bergileriniň ösmegi, SSSR-iň Owganystana goşun girizmegi, halkara terrory |
| 7 | 1981 | Montebello | Ilatyň artmagy, Gündogaryň ykdysady gatnaşyklarynyň Günbataryň bähbitlerine täsiri, Ýakyn Gündogarda SSSR-iň harby kuwwatyny artdyrmagy |
| 8 | 1982 | Wersal | SSSR we Gündogar Ýewropa ýurtlary bilen ykdysady gatnaşyklary ýokarlandyrmak, Liwandaky ýagdaýlar |
| 9 | 1983 | Wilýamsburg | Dünýäniň maliýe ýagdaýy, ösüp gelýän döwletleriň bergisi, ýaraglara gözegçilik |

*11-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 10 | 1984 | London | Dünýä ykdysadyýetiniň sagdynlaşmagy, eýran-yrak urşy, halkara terrorçylyga garşy göreş, demokratik gymmatlyklary goldamak |
| 11 | 1985 | Bonn | Proteksionizmiň ykdysady howplary, daşky sredany goramak, ylym we tehnologiýa sferasynda hyzmatdaşlyk |
| 12 | 1986 | Tokio | Orta möhletli salgyt we maliýe syýasatyny kesgitlemek, halkara terrorçylyga garşy göreş usullary, Çernobyl AES-iň heläkçiligi |
| 13 | 1987 | Wenesiýa | Oba hojalygyndaky ýagdaý, garyp döwletlere göterimiň derejesini pese düşürmek, klimatyň üýtgemegi, SSSR-däki üýtgedip gurma |
| 14 | 1988 | Toronto | Aziýa-Ýuwaş umman sebiti döwletleriniň halkara söwdasyndaky orny, garyp ýurtlaryň Pariž klubyna bergileriniň grafiginiň üýtgemegi, sowet goşunlarynyň Owganystandan çykyp başlamagy, Gündogar Ýewropadaky sowet goşunlary |
| 15 | 1989 | Pariž | «Aziýa gaplaňlary» bilen gepleşik, Ýugoslawiýadaky ýagdaý, bergidar döwletler bilen gepleşik, narkomaniýanyň ösmegi, SPID-e garşy göreş, Hytaýda adam hukuklary, Gündogar Ýewropadaky ykdysady özgertmeler, arap-ysraýyl konflikti |
| 16 | 1990 | London | Gündogar we Ýewropa ýurtlary üçin maýa goýumlar we karzlar, SSSR-däki ýagdaý, SSSR-e bazar ykdysadyýetini emele getirmek üçin kömek bermek, birleşdirilen Germaniýada, ösüp gelýän ýurtlarda amatly maýa goýum şertlerini döretmek |
| 17 | 1991 | Hýuston | Uruşdan ejir çeken Pars aýlagy ýurtlaryna maliýe kömegi, Uly 7-lik ýurtlarynyň arasyndaky migrasiýa, ýadro, biologiki, himiki we adaty ýaraglaryň ýaýradylmazlygynyň öňüni almak |

18. Sargyt № 1094.

*11-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 18 | 1992 | Mýunhen | Daşky sredanyň meseleleri, Polşadaky bazar özgertmelerini goldamak, GDA ýurtlary bilen gatnaşyk, bu döwletleriň ýadro obýektleriniň howpsuzlygyny üpjün etmek, AÝU sebiti ýurtlarynyň Uly 7-lik ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy, ozalky Ýugoslawiýadaky ýagdaýlar |
| 19 | 1993 | Tokio | Geçiş häsiýetli döwletlerdäki ýagdaý, GDA ýurtlaryndaky ýadro ýaraglary ýok etmek, raketa tehnologiýalaryna gözegçiligi üpjün etmek, ozalky Ýugoslawiýadaky ýagdaýlaryň ýaramazlaşmagy, Ýakyn Gündogarda parahatçylygy ýola goýmak |
| 20 | 1994 | Neapol | Ýakyn Gündogarda ykdysady ösüşi gazanmak, Ýewropada we GDA-da ýadro howpsuzlygy, halkara jenaýatçylyk we pullaryň aklanylmagy, Saraýewodaky ýagdaýlar, Kim Ir Seniň ölüminden soň Demirgazyk Koreýadaky ýagdaýlar |
| 21 | 1995 | Galifaks | Ýygnaklary geçirmegiň täze formasy, HPG-de, BB-de özgertmeleri geçirmek, ozalky Ýugoslawiýadaky ýagdaýlar |
| 22 | 1996 | Moskwa | Ýadro howpsuzlygy, ýadro serişdeleriniň kanuny däl söwdasy, Liwandaky we Ukrainadaky ýagdaýlar |
| 23 | 1996 | Lion | Global hyzmatdaşlyk, geçiş häsiýetli ýurtlaryň dünýä hojalygyna integrirlenmegi, halkara terrorçylyk, Bosniýa we Gersegowinadaky ýagdaýlar |
| 24 | 1997 | Denwer | Ilatyň garramagy, kiçi we orta biznesiň ösmegi, ekologiýa we çagalaryň saglygy, ýokanç keselleriň ýaýramagy, adamlary klonlamak, BMG-ni özgertmek, kosmosy özleşdirmek, pyýada goşunlara garşy minalary aradan aýyrmak, Gonkongdaky, Kiprdäki, Ýakyn Gündogardaky ýagdaýlar |

*11-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 25 | 1998 | Birmingem | Duşuşygyň täze formasy. Global we sebitleýin howpsuzlyk |
| 26 | 1999 | Kýoln | Global ykdysadyýetiň sosial ähmiýeti, maliýe sferasyndaky halkara jenaýatçylyga garşy göreş |
| 27 | 2000 | Nago | Maglumat tehnologiýalarynyň ykdysadyýetiň we maliýäniň ösüşine täsiri |
| 28 | 2001 | Genuýa | Ösüş problemalary, garyplyga garşy göreş, azyk howpsuzlygy, Kiota protokolyny ratifikasiýa etmegiň meseleleri, hökümet guramalarynyň ähmiýeti, Balkanlardaky we Ýakyn Gündogardaky ýagdaýlar |
| 29 | 2002 | Kananaskis | Afrikanyň ösüp gelýän ýurtlaryna kömek bermek, dünýä ykdysadyýetiniň ösüşiniň pugtalanmagy, halkara terrorçylyga garşy göreş, ýükleriň halkara howpsuzlygyny üpjün etmek |
| 30 | 2003 | Ewian-le-Ben | Ykdysadyýet, durnukly ösüş, howpsuzlyk we terrora garşy göreş |
| 31 | 2004 | Si-Aýland | Dünýä ykdysadyýetiniň howpsuzlygynyň meseleleri, Yrakdaky we Ýakyn Gündogardaky ýagdaýlar, Ýaponiýa-Russiýa gatnaşyklary, söz erkinliginiň meseleleri |
| 32 | 2005 | Glenigls | Klimatyň üýtgemegi we Afrika ýurtlaryna kömek bermek |
| 33 | 2006 | Sankt-Peter-burg | Energiýa howpsuzlygy, demografiýa we bilim, terrorçylyga garşy göreş boýunça hyzmatdaşlygy giňeltmek we pugtalandyrmak |
| 34 | 2007 | Heýligendam | Klimatyň üýtgemegine garşy göreş we Afrikanyň yzagalak ýurtlaryna kömek bermek |
| 35 | 2008 | Toýako | Azygyň, ýangyjyň bahalarynyň we hümmetsizlenmegine garşy göreş |
| 36 | 2009 | L Akuila | Dünýä ykdysady çökgünligi |
| 37 | 2010 | Hantswill | Dünýä ykdysady çökgünligi |
| 38 | 2011 | Dowil | Liwiýadaky raýatlyk urşy |

da onuň düzümine Kanada hem girýär. 1991–2002-nji ýyllar aralygynda «7+1» esasynda Russiýa kabul edildi. Şeýle topary döretmek ideýasy geçen asyryň 70-nji ýyllarynda ýüze çykan energiýa çökgünligi bilen baglanyşyklydyr. Senagat taýdan ösen ýurtlaryň baştutanlary ilkinji gezek milli we dünýä meselelerini her ýylda ara alyp maslahatlaşmak barada karara gelýärler. Şeýlelikde, Uly 8-lik diýlip atlandyrylýan topar emele geldi. Bu topara girýän ýurtlar diňe bir ösen döwletler bolman, eýsem ykdysady, syýasy, maliýe, harby taýdan super deržawalardyr. Deržawalaryň ýolbaşçylary her ýylda bir gezek ýygnak (sammit) geçirýärler.

Uly 8-ligi köplenç halatda demokratiki däl, agalyk ediji äheňi ulanmakda tankyt edýärler. Emma bu guramanyň dünýäniň aktual meselelerini çözmekde birnäçe garaýyşlary öňe sürýändigi we olary peýdalanmagyň ähmiýetlidigi hem bellenilýär.

Russiýa Federasiýasy 2014-nji ýyldan başlap bu klubyň agzasy bolmagyny bes etdi.

# XVIII BAP
# ABŞ-NYŇ DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINDE TUTÝAN ORNY

## 18.1. ABŞ-nyň ykdysadyýetine umumy häsiýetnama

Amerikanyň Birleşen Ştatlary (ABŞ) Demirgazyk Amerika yklymynda ýerleşmek bilen, onuň günbatarynda Ýuwaş ummany, gündogarynda bolsa Atlantik ummany ýerleşýär. Onuň meýdany 9373 müň km²-e barabar bolup, ilatynyň sany 2815 million adamdan gowrakdyr (2001-nji ýyl). Paýtagty Waşington şäheri bolup, onuň ady ýurduň ilkinji prezidenti Jorj Waşington bilen baglanyşyklydyr.

ABŞ ýöne bir Günbataryň däl, bütin dünýäniň ykdysady görkezijileri boýunça has ösen döwletdir. (meýdanynyň ululygy boýunça bu ýurt dünýäde dördünji orny eýeleýär, Russiýadan, Kanadadan we Hytaýdan soňra). Ilaty boýunça Hytaý we Hindistandan soňra 3-nji orny eýeleýär.

ABŞ-nyň döwlet gurluşy respublikan görnüşli bolup, 4 ýyllyk möhlet bilen 2 gezek saýlanyp bilýän prezident ýurdy dolandyrýar. Administratiw territoriýa taýdan ABŞ 50 sany ştatdan ybaratdyr. Olaryň 48-si dörtburçluk görnüşde ýerleşýän ýurduň çäginde ýerleşýär. Alýaska patyşa Russiýasyndan satyn alnan ýer bolup, ol ýurduň

has demirgazygynda ýerleşýär. Ýuwaş ummanyndaky Gawaý adalary bolsa ýurduň 50-nji ştatydyr.

Ýurduň ykdysady-geografiki ýerleşişi onuň ösüşiniň ähli etraplarynda uly amatlyklary döretdi. Uruş otlarynyň häli-şindi tutaşyp duran Aziýa we Ýewropa yklymlaryndan umman arkaly kesişmegi ýurduň howpsuzlygyny kepillendirdi. Çar-tarapynyň suw bilen gurşalmagy ýurduň daşarky söwdasynyň öňünde giň mümkinçilikleri açdy. Ýurduň deňiz kenarlarynyň 8 müň kilomertden gowrak bolmagy daşarky söwdanyň ösüşini çaltlandyrdy.

Oba hojalygynyň ösdürilmegi üçin ýurduň amatly giň tebigy şertleri we baý mineral resurslary bar. Ýurduň oba hojalygynyň agramly bölegini Gündogarda «Beýik düzlükler» diýlip atlandyrylýan pesliklerde alnyp barylýar. Bu ýerde ýurduň oba hojalyk önümçiligine degişli işleriň agramly bölegi amala aşyrylýar. ABŞ-nyň oba hojalygy üçin ýaramly ýerleriniň meýdany 770 mln. gektar bolmagy oba hojalyk ekinlerinden alynýan önümleriň ýeterlik derejede alynmagyna itergi berýär. Oba hojalygynyň kämil tehnika bilen üpjün edilmegi netijesinde oba hojalygyny ösdürmäge uly mümkinçilikleri açdy. ABŞ häzir bugdaý satmak boýunça diňe Kanadadan yza galýar. Bugdaý ýygnalyşynyň umumy hasyly boýunça diňe Hytaýdan yza galýar. Pagta ýygnamak we gaýtadan işlenilişi boýunça bu ýurduň deňi-taýy ýokdur.

ABŞ-da ýerüsti gazylyp alynýan baýlyklaryň, aýratynam kömrüň, nebitiň, tebigy gazyň, uranyň, demir magdanynyň, reňkli metallaryň iri känleri bar. Olar ýurduň ösen senagatyny çig mal bilen ýeterlik üpjün edip bilýär. Senagat pudaklarynyň içinde çig mal bilen aýratyn üpjün edileni himiýa senagatydyr. Himiýa senagatynyň möçberi we görnüşleri boýunça bu ýurt dünýäde iň öňdäki orny eýeleýär. Himiýa senagatynyň esasy çig mal bazasy bolup nebit we tebigy gaz çykyş edýär. Himiýa senagatynyň merkezleri Nýu-Jersi we Filadelfiýa ştatlary çykyş edýär.

Daş kömür basseýnleri ýurduň merkezinde we gaz ýurduň demirgazygynda we Appalaç daglarynda ýerleşýär. Nebit we gaz ýurduň demirgazygynda we Meksika aýlagynda ýerleşýär. Soňky alnan maglumatlara görä, Meksika aýlagynda tebigy gazyň 37 trln. $m^3$-niň barlygynyň üsti açyldy.

Ýurt tebigy baýlyklara baý hem bolsa senagatyň ähli islegini ýerli çig malyň hasabyna ödäp bilmeýär. Muňa mysal edip, kowaldy, marganesi, galaýyny, hramidi, nikeli görkezmek bolar. Senagatyň bu çig mallara bolan islegi importyň hasabyna kanagatlandyrylýar.

Ilaty barada. 2001-nji ýylyň hasaplamalaryna görä ýurtda 2815 million çemesi adam ýaşaýar. Ýurduň jemi maşgala sany 105,5 milliard sany. Beýle diýildigi ortaça her bir maşgala 2,7 adamdan düşýär diýilmegi-

ni aňladýar. ABŞ-nyň statistikasynyň berýän hasabatyna görä, ýurtda 27 million adam ýekelikde ýaşaýar. Ilatyň umumy sanynyň içinde ýaşlar agdyklyk edýär. Ýagny, jemi ilatyň 71göterimi 21 ýaşdan ulular tutýar. Pensiýa ýaşyndaky we ondan ýokardakylaryň, ýagny ýaşy 65-den geçenler umumy ilatyň 12,5 göterimine barabardyr.

ABŞ köpdürli milletleriň ýaşaýan ýurdudyr. Ýurduň ýerli ilaty hasaplanylýan indeýler jemi ilatyň 1 göterimine golaýdyr. Amerikanyň häzirki ýaşaýjylarynyň ata-babasy asly Ýewropadan, Ýaponiýadan, Hytaýdan gelenlerdir. Şeýle hem Günorta plantasiýalarda işlemek üçin getirilen negrler ilatyň jemi sanynda görnükli orun tutýar. Häzirki wagtda ABŞ-da negrleriň 40 milliona golaýy bar diýip hasap edilýär.

ABŞ-nyň ilatynyň 75 göterimine golaýy şäher ilatydyr. Şeýle hem ABŞ dünýäniň iň güýçli urbanizasiýalaşan ýurtlarynyň biridir. Käbir «aglomerasiýalar», ýagny «millioner» şäherler birleşip, äpet «megapolisleri» emele getiripdirler. Bulara mysal edip, Woýewaşi (Bostandan Waşingtona çenli), Kolýana (Milnoniden Pette burga çenli). Kaliforniýany (San-Fransiskodan San-Diýego çenli) birleşen äpet şäherleri görkezmek bolar.

Oba hojalygy bilen meşgul bolýan ilaty esasan biri-birinden uzakda ýerleşen fermerlerde ýaşaýarlar. Amerikanyň oba hojalygy bilen meşgullanýan fermerleriniň her biriniň pesinden 50 ga ýeri bolýar.

Ýurduň ilatynyň ortaça gürlügi 1 km²-e 28-adamdan düşýär. Emma ösen köne senagatly ştatlarda ilatyň gürlügi ortaça 330 adamdan hem geçýär. Kenara ýakyn şäherlerde bu san has hem ýokary. Emma daglyk we çöllük ýerlerde ilatyň gürlügi gaty pes. Mysal üçin, Alýaskada 1 kw km-e ortaça 0,2 adamdan düşýär.

ABŞ-da ykdysady taýdan aktiw ilatyň 42 göterimi önümçilikde işleýär. Ol bu görkeziji boýunça esasy bäsdeşleri bolan Ýaponiýadan we Ýewropa birleşiginiň käbir ýurtlaryndan yza galýar. Aktiw ilatyň 53 göterime golaýy söwda, maliýe we hyzmat sferasynda işleýär.

## 18.2. Hojalygy

Dünýä ykdysadyýetinde ABŞ-nyň orny örän saldamlydyr. Ýurt dünýäniň jemi önüminiň 16 göterime golaýyny berýär. Bu san ýaňy-ýakynlar hem 25 göterime deňdi. Häzirki wagtda bu sanyň pese gaçmak meýli äşgär görünýär.

Ýöne şeýle hem bolsa dünýä ykdysadyýetiniň pudaklaýyn düzüminde ABŞ-nyň paýy örän saldamlydyr. Daşary ýurtlara maýa eksport etmekde maýany import etmekde bu ýurduň deňi-taýy ýok.

ABŞ-nyň ykdysadyýetiniň şeýle güýçli ösmegine, esasan, 5 sany faktoryň täsir edendigini belleýärler.

1. Ýurduň meýdanynyň köp böleginde oba hojalygynyň feodalizm zulumyndan halas bolmagy.
2. Immigrantlaryň uly akymy.
3. Täze ýerleriň özleşdirilmeginiň hasabyna içerki bazaryň giňelmegi.
4. Baý tebigy resurslaryň bolmagy.
5. Geografiki taýdan amatly ýerleşmegi.

Ýokardaky aýdylanlar ýurduň ösmegi üçin amatly şertler döredipdi. Şeýle hem ýurtda senagat we maliýe sermaýasy adatdan daşary tizlik bilen jemlenipdir.

Ýurduň ösmeginiň ýenede bir sebäbi hem yzly-yzyna bolan jahan uruşlarynyň bu ýurtdan sowa geçmekligidir. ABŞ ikinji jahan urşuna gatnaşan hem bolsa, uruş hereketleri ýurduň daşynda alnyp barlypdy. Bu bolsa hojalygyň weýran bolmazlygynyň öňüni aldy.

Ikinji jahan urşundan soňra ABŞ kapitalistik dünýäde bäsleşiksiz ýurt bolup galdy. Sebäbi ýeňlen döwletleriň, ýagny Germaniýanyň, Ýaponiýanyň, Italiýanyň hojalygyny uruş düýpli tozdurypdy. Ýeňiji döwletler bolan Angliýanyň we Fransiýanyň bu uruşda ykdysadyýetleri bütinleý gowşapdy. ABŞ ykdysady kuwwatlylygynyň üstüne ýadro monopoliýasyny hem gazanyp, öz pozisiýasyny has hem pugtalandyrypdy.

Emma geçen asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap, ABŞ-nyň dünýä ykdysadyýetindäki orunlary gowşap başlady. Sebäbi dünýä bazarynda oňa täze bäsdeşler peýda boldy. Ol döwletlere Ýaponiýa, Germaniýa, Fransiýa degişlidir. Bu ýurtlaryň harytlary ýöne bir dünýä bazarynda däl, eýsem ýerli bazarlarda hem amerikan öndürijilerini gysyp başladylar.

Ýurduň senagatynyň agramly bölegi maşyn gurluşygynyň paýyna düşýär. Awtomobil gurluşygy ABŞ-nyň «milli pudagy» hasap edilýär, sebäbi köpçülikleýin maşyn gurluşygy ilkinji bolup hut şu ýurtda goýberilip başlanypdy. Ilkinji konweýer bolan «Ford» awtokonweýer häzir hem dünýäde meşhurlyk gazanan awtomobilleri bilen şöhratlanýar. Amerikanlylar häsiýetleri boýunça awtomobil söýüjidir. Belki şonuň üçin ABŞ-da ýaşaýan her 7-nji adam awtomobil önümçiliginde ýa-da awtomobillere hyzmat edýän nokatlarda zähmet çekýär.

Awtomobil öndürmegiň möçberi boýunça bu ýurduň deňi-taýy ýok. Ýöne ony eksport etmekde welin bäsdeşleri bolan Ýaponiýadan we Germaniýadan yza galýar.

2001-nji ýylda ABŞ-da jemi 16 million dürli görnüşli awtomobil çykaryldy. Ýaponiýa bolsa şol ýylda 12 million awtomobil çykardy. Germaniýada bolsa bu san 3,7 million awtomobile barabar bolupdy.

Umuman alanymyzda, häzirkizaman amerikan ykdysadyýetine önümçiligiň we kapitalyň ýokary derejede jemlenmegi ýa-da toplanmagy mahsusdyr. Amerikan monopoliýalarynyň köpüsi halkara monopoliýalar hasaplanylýar. Olar daşary ýurtlara köp maýa goýýarlar. Aýratyn bellemeli zadyň biri hem daşary çykarylýan maýalaryň içinde döwlet maýasynyň barha artmagydyr.

Içerki ýagdaýda bolsa hususy maýa döwlet maýasy bilen sepleşip gitmegi netijesinde döwlet monopol kapitalynyň ösmek prosesi has äşgär duýulýar. Döwlet maýasy, esasan, senagatyň ylmyň we tehnikanyň gazananlaryna daýanýan pudaklaryň ösmegini höweslendirýär.

Ýokary derejede ösen ýurtlaryň hemmesinde bolşy ýaly, ABŞ-nyň ykdysady «keşbini» senagat kesgitleýär. Senagatyň şu pudagy aýratyn ösüp, beýleki bir pudagy yza galýar diýip aýdar ýaly pudagy ýokdur. Pudaklar özleriniň ösüşi boýunça dünýä döwletleriniň islendigi bilen bäsleşip bilerlik derejede ösendir.

Maşyn gurluşygynyň beýleki pudaklaryndaky görkezijileri boýunça hem ABŞ dünýäniň öňde baryjy lideridir. Mysal üçin, maşyn gurluşygyna degişli bolan uçar senagaty dünýä-de iň köp isleg bildirilýän «Boing» uçarlary öndürilýär. Kompýuter, elektronika, durmuş hajatlarynyň beýleki isleglerini kanagatlandyrýan enjamlaryň öndürilişi we köpdürliligi boýunça ABŞ dünýäde ýene-de birinjidir.

Ýurduň ýokary derejede mehanizasiýalaşdyrylan oba hojalygy bardyr. ABŞ özüni oba hojalyk önümleri bilen doly ekleýär. ABŞ-da öndürilýän oba hojalyk önümleriniň 60 göterimi içerki bazaryň islegini doly kanagatlandyrýar. Ýöne, şeýle bolsa-da, oba hojalygy ýurduň jemi içerki önüminiň bary-ýogy 10 göterime golaýyny tutýar. Bu agzalan san ABŞ-da senagatyň örän güýçli derejede ösenligini görkezýär.

Amerikan ykdysadyýetiniň häzirki wagtda örän çalt ösýän pudagy hyzmat ediş pudagydyr. Häzirki wagtda ýurduň býujetiniň 40 göterime golaýyny bu pudagyň hasyl etmegi hem kanunyň şeýledigini kepillendirýär.

ABŞ-nyň ýokary derejede ösen ulag infrastrukturasy bardyr. Ýurt gara we demir ýollaryň, geçiriji turbalaryň gür seti bilen gurşalandyr. Bol suwly derýalaryň bolmagy derýa ulagyny ösdürmäge mümkinçilik döredýär. Içerki ýükleriň ýarysyndan hem gowragy derýa ýollary bilen daşalýar. Amerika dünýäniň iň bir gelim-gidimli aerowokzallarynyň biridir.

Gara we demir ýollaryň uzynlygy boýunça bu ýurt dünýäniň ösen döwletlerinden hem kän öňdedir. Gara

*12-nji tablisa*

**AES-ler boýunça dünýäniň iri ýurtlary**

| № | Ýurtlar | Bloklaryň sany | Kuwwaty mln. | Gurulýany |
|---|---|---|---|---|
| 1 | ABŞ | 109 | 105356 | 3 |
| 2 | Fransiýa | 56 | 61130 | 2 |
| 3 | Ýaponiýa | 52 | 44068 | 3 |
| 4 | Angliýa | 35 | 13020 | – |
| 5 | Russiýa | 29 | 21242 | 6 |
| 6 | Kanada | 21 | 15805 | – |
| 7 | Germaniýa | 20 | 23451 | – |
| 8 | Ukraina | 14 | 12818 | 5 |
| 9 | Şwesiýa | 12 | 10452 | – |
| 10 | Go Koreýa | 12 | 10315 | – |

Çeşmesi: World Economik Outlook. IMF October 2011.

ýollaryň jemi uzynlygy 5640 müň kilometr, demir ýollaryň jemi uzynlygy 245 müň kilometre barabardyr.

ABŞ elektrik energiýasyny öndürmekde we sarp etmekde hem dünýäde ýene-de birinjidir. Ýurtda GES-ler TES-ler. AES-ri we tebigy ýagdaýlardan (ýel, gün, daşgyn) energiýa alýan kuwwatlyklar hereket edýär. Elektrik energiýasyny öndürmekde AES-leriň paýy barha artýar.

ABŞ-nyň örän kämil maliýe ulgamy bardyr. Häzirki wagtda ýurtda jemi 9900 bank bar. Ýöne olaryň sany barha azalýar. Mysal üçin, ýurtda 1935-nji ýylda 35200 bank bar eken. Banklarda saklanýan puluň jemi mukdary 4,9 trillion dollara deň.

Ýurduň adamlarynyň 50 göterimi pullarynyň bir bölegini maýa goýum gaznalaryna goýýarlar. 1998-nji ýylda amerikan maşgalalarynyň umumy baýlyklarynyň 40,6 göterimi maliýe hasaplarynda saklanypdyr. Bu hasaplaryň arasynda esasy orny, ýagny 27,5 göterimi pensiýa hasaplary eýeleýär. Amerikan maşgalalarynyň 49 göteriminiň dürli ýollar bilen gymmat bahaly kagyzlar bazarynda maýa goýumlary bar. Şonuň üçin amerikanlar gymmat bahaly kagyzlar bazaryndaky täzelikler bilen ýakyndan gyzyklanýarlar.

## 18.3. Amerikan ykdysadyýetiniň ösüş döwürleri

ABŞ-nyň häzirki zamana laýyk gelýän, kämil bazar ykdysadyýetli, satyn alyp bilijiligi diýseň ýokary bolan bazary we raýatlarynyň durmuş-ykdysady, diýseň ýokary bolan, ykdysadyýeti bardyr. Ýöne şeýle-de bolsa ABŞ şu wagtky derejesine şeýle aňsatlyk bilen ýetmedi. Bu ýurduň esaslandyryjylary bolup asly ýewropalylar çykyş edýär. Ummanyň aňyrsynda täze ýerleriň açylmagy, oba hojalygyny ösdürmek üçin amatly şertleriň bolmagy we altyn känleriniň açylmagy bilen, ýewropalylaryň bu ýere göçüp gelmesi has çaltlandy. Senagaty ösdürmek üçin zerur bolan kapital aşa çaltlyk bilen konsentrirlendi. Munuň sebäbi hem hökümetiň hususy maýa goldamagy we göçüp baranlaryň köpüsiniň maýadarlardan ybaratdygy sebäp boldy. Täze ýurtda demir ýollary çekmekde, bank we senagat obýektlerini gurmakda bidüzgünçilikler, galplyklara ýol beren hem bolsa önümçilik diýseň çaltlyk bilen ösüp başlady. 1894-nji ýylda ABŞ jemi içerki önümiň öndüriliş möçberi boýunça Angliýadan geçdi. Bu bolsa dünýäde birinji orna çykdy diýildigidir. Sebäbi şol wagta çenli Angliýa bu görkeziji boýunça dünýäniň kerwenbaşysydy. ABŞ-nyň Birinji jahan urşuna gatnaşmazlygy, birentek kolonial döwletleriň koloniýalarynda azat edijilik hereketiniň ýüze çykmagy bu ýurduň dünýädäki pozisiýasyny has hem berkitdi.

ABŞ-da ilkinji çökgünlik 1929-njy ýylda ýüze çykdy. Bu ýagdaý ýeke bir ABŞ-da däl-de, beýleki kapitalistik ýurtlarda-da ýüze çykypdy. Ýöne onuň iň agyr geçen ýeri ABŞ-dy.

Bu çökgünligiň sebäpleriniň biri hem önümiň artykmaç öndürilmegi bilen düşündirilýärdi. Bu faktor öz ýerinde dogrudy. Ýöne şol bir wagtyň özünde hem ilatyň satyn alyp bilijilik ukyby hem pese gaçyp başlapdy. Çökgünligiň esasy sebäpleriniň biri hem şudur.

Bu ýagdaý käbir fermerlere, maýadarlara erbet täsirini ýetiripdi. Hatda janlaryna kast edenlerem bolupdy. Sebäbi dükanlarda, ammarlarda harytlar zaýalanyp galýardy. Bu ýagdaýyň harytlaryň bahasyny aşak düşmeginden ätiýaç eden hökümet harytlaryň köpüsini ýok etmeli diýen karara geldi. Hususyýetçiniň batmazlygy üçin önümleriň özüne düşýän gymmatyny bermeli edildi. Diňe şol ýyllarda bir ABŞ-nyň özünde 1 milliondan hem köp wagon däne ýok edildi. (şeýle möçberdäki däne 100 million adamy ýylboýy eklemek üçin ýeterlikdi. Emma şol çökgünlik wagty kapitalistik dünýäde 2 million 400 müň adam açlykdan ölüpdi). Ondan daşary hem 267 müň wagon kofe, 258 müň tonna gant, 26 müň tonna tüwi, 25 müň tonna et we başga-da köp zatlar ýok edildi.

Ýurduň taryhyndaky iň agyr çökgünlikleriň biri bolan bu çökgünlikden döwletiň ykdysadyýeti planlaşdyrmak arkaly alnyp çykyldy. (Şu çökgünlik täze bir ylmyň marketingiň – bazary öwrenmegiň zerurlygyny ýüze çykardy. Şol sebäpli marketing ylmynyň dörän we ösen ýeri ABŞ-dyr). 1993-nji ýylda çökgünlikden çykyldy. Dollaryň dünýä puly bolmaklygyna öwrülmegi ýurduň daşary söwdasyny has hem işeňňirleşdirdi. Ikinji jahan urşundan sowa bolmagy we öňki ösen kapitalistik ýurtlaryň bu uruşda ykdysadyýetiniň derbi-dagyn bolmagy (Germaniýanyň, Ýaponiýanyň), ýeňiji döwletleriň gowşamagy (Angliýa, Fransiýa) ABŞ-nyň dünýädäki agramyny has hem artdyrdy. Şeýle hem ýadro monopoliýasy bilen özüniň howpsuzlygyny has hem berkiden amerikan ykdysadyýeti has hem güýçlendi.

Uruşdan soňky döwürde iň agyr çökgünlik 1970-nji ýyllaryň ortalarynda ýüze çykdy. Krizis zerarly ençeme fermerler, bankirler we ş.m. tozdy. Işsizligiň derejesi şol wagtda iň ýokary derejä, ýagny doly iş tapyp bilmän ýören adamlary hem goşanyňda 25 million adama barabar boldy. Çökgünligiň esasy ýüze çykan pudagy energetikadyr. Onuň sebäbini bolsa dünýäniň energetika bolan isleginiň artyşynyň öwrenilmänligi bilen düşündirilýär. Bu ýagdaý ýurtda hatda karpulingi hem döretdi. Karpuling – munuň özi birnäçe adamyň bir awtomaşyny ulanmagyna aýdylýar. Sebäbi çökgünlik zerarly ýangyjyň 1 litri 5–7 dollara çykypdy. Bu çökgünlik käbir kapitalistik döwletlere bähbitli hem bolupdy. Mysal üçin, ýapon awtomobilleri amerikan awtomobillerine garanyňda ýangyç sarp edijiligi has tygşytly bolup çykdy. Bu ýagdaý ýaponiýalylara amerikan bazarynda uly islege eýe bolmagy üpjün etdi. Netijede, ýapon awtomobilleri ýerli bazarda amerikan maşynlaryny gysyp başladylar. Bu soňraky döwletlerde artykmaç aksizleriň salynmagy bilen birneme gowşadylan hem bolsa ýapon harytlarynyň amerikan bazaryna okgunly hüjümi barha güýjeýär.

Häzirki güne çenli ABŞ-nyň taryhynda iň köpe çeken we agyr geçen krizis 70-nji ýyllaryň ortalarynda ýüze çykan çökgünlikdir. Bu çökgünlik 1980-nji ýyllara çenli dowam etdi. 1980-nji ýylda Prezidentlige saýlanan Ronald Reýgan özüniň «Reýganizm» atly ykdysady Programmasyny ýöredip başlady. Bu syýasatyň özeni şundan ybaratdyr; ýagny hususy işewürlige goltgy bermek, iri hojalyklaryň salgydyny azaltmak, döwletiň elindäki peýdaly pudaklaryň hem hususy kapitalyň eline berilmegi (hatda ýarag senagatynyň hem), şeýle-de sosial çykdajylary azaltmak.

Bu syýasat özüniň netijesini berdi. Amerikan ykdysadyýetiniň 80-nji ýyllarda pajarlap ösýän ýyllary boldy. Ykdysady ösüşiň görkezijisi ortaça 2,7% barabar bolup, senagat önüminiň artyşy ýylda 2,4% deň boldy.

Görnüşi ýaly, ABŞ 80-nji ýyllary oňat görkezijiler bilen tamamlady.

Ykdysadyýetde düzümleýin üýtgeşmeler bolup geçdi. Ýagny, maddy däl sferanyň paýy yokarlanyp başlady. (Bu görkeziji özüniň ösüşini entek hem dowam etdirýär. Häzirki wagtda ABŞ-nyň býujetiniň 40%-e golaýy maddy däl sferadan gelýän girdejiler düzýär). Şeýle hem ýurduň tehniki ykdysady mümkinçiligi has hem ýokarlandy. 1980-nji ýyllaryň ýokary göterilişi 7 ýyllap dowam etdi. Şol bir wagtyň özünde hem ykdysadyýetiň energiýa talap edijiligi 20% kemeldi. Umuman alanymyzda, ABŞ 80-nji ýyllary oňat görkezijiler bilen tamamlady diýip aýdyp bolar.

1990-njy ýylda ABŞ-da ýene-de çökgünlik ýüze çykdy. Emma bu çökgünlik uzaga çekmän togtadyldy. Ykdysadyýet ýene-de ösüş ýoluna düşdi. Eýýäm 1992-nji ýylda 1991-nji ýyl bilen deňeşdireniňde JIÖ 2,1%-e deň boldy. 1990-njy ýyllarda amerikan ykdysadyýeti özüniň ösüşli ýoluny dowam etdirdi. Bu döwürde ýurduň ortaça ösüşi 2,2%-e deň bolup, bu san ösen «ýedilige girýän» ýurtlaryň içinde iň ýokary görkezijidir. Işsizligiň derejesi soňky ýyllaryň içinde iň pes derejä, ýagny 5%-e çenli pese gaçdy. Ýagny, 1997-nji ýyla garanyňda, 1992-nji ýylda bu görkeziji 7,5%-e deň boldy.

Umuman alanymyzda, amerikan ykdysadyýetiniň şu günki güne çenli ýeten ýolunda uly kynçylyklar hem bolupdy. Emma bu kynçylyklaryň hemmesi hem ýeňlip geçildi. Dünýä tejribesinde käbir döwletler özlerinde dörän çökgünligi wagtynda ýeňip bilmän, ykdysady heläkçilige hem uçraýarlar. Muňa mysal edip Argentinany görkezmek bolar. Emma amerikan ykdysadyýetiniň ösüş döwürleriniň içinde ýüze çykan kynçylyklaryň hemmesi üstünlikli ýeňlip geçildi. Onuň netijesini bolsa biziň hemmämiz görüp ýörüs.

## 18.4. Türkmen-amerikan gatnaşyklary

ABŞ-nyň örän güýçli ykdysadyýetiniň bolmagy, ýurtlara ägirt uly maýanyň toplanmagy oňa daşary ýurtlar bilen giň derejede gatnaşyklary alyp barmaga mümkinçilik döredýär. Aslynda-ha ABŞ dünýäniň beýleki ýurtlary bilen iň köp gatnaşyk saklaýan ýurdudyr. Şeýle gatnaşyklar biziň ýurdumyz bilen hem ýola goýuldy. Häzirki wagtda deňhukukly türkmen-amerikan gatnaşyklary barha giňeýär.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde güneşli Diýarymyzda daşary ýurt maýasy giňden çekilip başlandy. Bu maýalaryň içinde amerikan maýasy görnükli orunlary eýeleýär. Ýurdumyzda amerikan

maýasynyň gatnaşmagynda birnäçe senagat nokatlary bina edildi, abadanlaşdyryldy. Oňa mysal edip, Abadanyň elektrik energiýasyny öndürýän GRFS-iň durkunyň täzelenmegini getirip bolar. Häzirki zamanyň iň kämil tehnologiýasyna esaslanýan bu önümçilik desgasy ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň kuwwatlanmagyna öz goşandyny goşýar. Bular ýaly deliller örän köpdür.

Häzirki wagtda türkmen-amerikan gatnaşyklary barha giň gerime eýe bolýar. Bu gatnaşyklar oba hojalygynda hem öz beýanyny tapýar. Türkmenistan häzirki wagtda ABŞ-da öndürilen «JON DIR» we «Keýs» traktorlaryny satyn alýar. Bu oba hojalyk traktorlary ýurdumyzyň oba hojalygynyň ösmeginde uly rol oýnaýar.

«Boing» şereketiniň uçarlarynyň satyn alynmagy bu ugurdaky hyzmatdaşlygyň beýanydyr. Türkmenistan «Boing» uçarlaryny GDA ýurtlarynyň içinde ilkinji satyn alyp başlan ýurtdur. Şeýle hem her ýyl türkmen oglan-gyzlarynyň 80 sanysynyň ABŞ-da mugt bilim almagy bu ugurdaky işleriň üstünlikli amala aşýandygyna şaýatlyk edýär.

Iki ýurduň arasynda harby hyzmatdaşlyk hem ösýär. Hazaryň suwlaryna seretmek üçin gözegçilik gämisiniň berilmegi, 20-ä golaý ofiseriň ABŞ-da hünärini ýokarlandyryp gelmegi hem bu aýdylanlaryň aýdyň subutnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiziň daşary ýurt maýa goýumyny milli ykdysadyýetimize çekmek baradaky tutumly işleri onuň birjikde nazaryndan sypmaýar. Bu ýagdaýy milli Liderimiziň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasyna gatnaşmak üçin Nýu-Ýork şäherine resmi saparynda amerikan biznes elitasynyň işewürler topary bilen bolan duşuşygy hem subut edýär. Bu ýerde türkmen topragynda giňden tanalýan amerikanyň «Keýs», «Kater-piller», «Şewron» we şuňa meňzeş iri kompaniýalaryň işewürleri bilen bolan duşuşygynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň daşary ýurt maýasy üçin açyk ýurtdugyny öwran-öwran nygtady. Munuň özi şu günüň derwaýys talaby bolup durýar. Sebäbi ABŞ häzirki zaman dünýäsiniň dürli ugurlar boýunça gümansyz lideri bolup durýar. Bu döwlet bilen dürli gatnaşyklary alyp barmak islendik döwlet üçin bähbitlidir. Hut şu bähbitlerden ugur alýan hormatly Prezidentimiziň çykyşyna amerikanyň işewürleriniň oňyn seslenendigini bellemelidiris. Sebäbi Türkmenistan ýaly asuda we ykdysadyýeti çalt depginler bilen ösýän ýurtda maýa goýmak işewürler üçin hem amatlydyr. Ýurdumyzyň asudalygy, ykdysady ösüşiniň çaltlygy we hukuk üpjünçiligi daşary ýurt maýasynyň ygtybarlydygyna kepil geçýän ýagdaýdyr. Galyberse-de, amerikan ykdysadyýeti bilen türkmen ykdysadyýetiniň arasynda biri-birine meňzeş bolan umumylyklar hem bardyr. ABŞ Jemi Içerki Önümiň (JIÖ) möçberi boýunça häzirki-zaman dünýä hojalygynyň iň öňdebaryjy

ýurdudyr. Türkmenistan bolsa JIÖ ýyllyk ösüş depgini boýunça dünýä hojalygynyň kerwenbaşysydyr. Şeýle hem ABŞ maýany daşary ýurtlara çykarmakda dünýä lideridir. Türkmenistanyň häzirki wagtda çalt depginler bilen ösýän milli ykdysadyýetine ägirt uly maýa goýumlaryň zerurdygy düşnüklidir. Ine hut şu ýerde hem dünýäniň iň iri ykdysadyýeti bilen dünýäniň iň çalt ösýän ykdysadyýetiniň biri-biri bilen baglanyşygy emele gelýär.

Umuman aýdanymyzda, türkmen-amerikan gatnaşyklary kadaly bolup, ol barha ösýän häsiýete eýedir.

# XIX BAP
# ÝAPONIÝANYŇ YKDYSADYÝETI

## 19.1. Ýaponiýa döwletine häsiýetnama

Ýaponiýa 6852 adaly ýapon arhipelagynda ýerleşýär. Bu adalaryň käbirlerinde ýaşaýyş bar, käbirlerinde bolsa ýok. Arhipelagyň 4 sany iri adalary bar. Olar: (demirgazykdan-günorta) Hokkaýdo, Honsýu, Sikoku, Kýusýu adalarydyr. Bu adalar arhipelagyň umumy meýdanynyň 97%-ini düzýär. Ýaponiýanyň umumy tutýan meýdany 377,9 müň kw km. deňdir, onuň 364,4 müň kw km. gury ýer, 13,5 müň kw km. bolsa suw giňişligidir. 127 million ilaty bilen Ýaponiýa ilat sany boýunça dünýäde 10-njy orny eýeleýär. Ýaponiýanyň paýtagty Tokio şäheridir (Tokio şäheri barada soragymyzyň ahyrynda giňişleýin seredip geçeris). Pul birligi: iýena = 100 sen.

Ýaponiýa döwlet dolandyryşy boýunça konstitusion monarhiýa bolup, döwlet başynda imperator durýar. 1947-nji ýylyň 3-nji maýynda güýje giren konstitusiýa laýyklykda Ýaponiýanyň imperatory ministrler kabineti tarapyndan hödürlenýän ähli resminamalara gol çekýär. Diplomatiki duşuşyklarda ol döwlet ýolbaşçysynyň roluny ýerine ýetirýär. 1989-njy ýyldan bäri Ýaponiýanyň imperatory-Akihito, geljekde mirasdüşer bolmaly – onuň ogly Naruhitodyr.

Ýaponiýada ýokary döwlet häkimiýet we ýeke-täk kanun çykaryjy organ – Parlamentdir. Ol 2 sany palatadan: wekiller we maslahatçylar palatasyndan ybarat. Wekiller palatasynda 480 deputat bolup, olar 4 ýyllyk möhlet bilen saýlanylýar. Maslahatçylar palatasynda 252 deputat bolup, olar 6 ýyllyk möhlet bilen saýlanylýar. Mas-

lahatçylar palatasynyň ýarysy her 3 ýyldan täzelenip durýar. Ýurtdaky 20 ýaşdan ýokary ähli raýatlar üçin ählumumy saýlaw hukugy hereket edýär. Parlamentiň saýlawlary gizlin ses bermek arkaly geçirilýär. Ýaponiýada 2 sany esasy partiýa hereket edýär. 2009-njy ýylda sosial liberal-demokratik partiýasy parlamentde ýeňiş gazanyp, 54 ýyllap höküm süren konserwatiw liberal-demokratik partiýasynyň ornuna geçdi. Konstitusiýa laýyklykda parlament maliýe serişdelerini ulanmakda aýratyn hukuga eýedir.

Ýurduň ýokary ýerine ýetiriji organy hökümetdir. Oňa premýer-ministr ýolbaşçylyk edýär, Parlamentiň hödürlemegi bilen onuň agzalarynyň biri imperator tarapyndan bu wezipä bellenilýär. Premýer-ministr – hökümet agzalaryny belleýän ministrler kabinetiniň ýolbaşçysydyr, 2012-nji ýyldan bäri bu wezipäni Sindzo Abe eýeleýär.

**Administratiw-territorial** gurluşy boýunça Ýaponiýa 47 sany ýokary derejeli administratiw birlik bolan prefekturalara bölünýär. Her prefektura prefekt tarapyndan (Hokkaýdoda-gubernator) dolandyrylyp, onuň özüne degişli kanunçylyk we administratiw apparatlary bar.

Bu administratiw territorial birliklerde 4 ýyldan bir gezek öz-özüňi dolandyryş organlaryna (degişli derejä laýyk ýygnaklara) deputatlaryň saýlawlary bolup geçýär. Şeýle-de 4 ýyllyk möhlete prefektler, şäher häkimleri we oba starostalary hem saýlanylýar. Olaryň wezipesi ýygnaklary wagtynda we nobatdan öň çagyrmaga, ýygnagyň çözgütlerini ýatyrmaga we ýygnaklaryň işini wagtyndan öň ýatyrmaga hukuk berýär. Prefektler premýer-ministr tarapyndan, häkimler we oba starostalary bolsa prefekt tarapyndan eýeleýän wezipelerinden wagtyndan öň boşadylyp bilinýär. Ýerlerde ýerine ýetirijilik wezipelerini ýerli ýygnaklaryň ýörite hereket edýän hemişelik komissiýasyna degişli. Bu komissiýanyň agzalary ýygnaklar ýa-da administrasiýanyň ýolbaşçysy tarapyndan ýygnaklaryň razylygy bilen saýlanylýar. Ýerli organlaryň dolandyryş işlerine merkezi edaralar tarapyndan berk gözegçilik alnyp barylýar. Polisiýalaryň, hassahanalaryň, mekdepleriň işleýşine degişli ministrlikler tarapyndan gözegçilik edilýär. Ýurduň maliýe serişdeleriniň, ýagny ýygnalýan salgytlaryň 70%-iniň döwlet býujetine gitmegi we bary-ýogy 30%-iniň ýerlerde galmagy hem merkezleşmegiň güýçlenmegine ýardam edýär.

2015-nji ýylda Ýaponiýanyň ilaty takmynan 126,9 million adam bolup, Honsýu adasynda 104 million, Kýusýu adasynda 13,4 million, Sikokuda 4,3 million, Hokkaýdoda bolsa 5,7 million adam hasaba alyndy. 2007-nji ýylyň berlen maglumatlaryna görä, ýaponlaryň 89,07%-i şäherlerde ýaşaýar. Ilatyň esasy bölegi, ýagny 98%-i ýaponlardyr, şeýle-de ýurtda 1,5 milliona golaý rýukýuslar, 13 million burakuminler, 600 müňe golaý

Olar şu aşakdakylar:

| ***Hokkaýdo:*** | ***Tohoku:*** | ***Kanto:*** | ***Týubu:*** |
|---|---|---|---|
| 1. Hokkaýdo | 2. Aomori | 8. Ibaraki | 15. Niigata |
| | 3. Iwate | 9. Totugi | 16. Toýama |
| | 4. Miýagi | 10. Gumma | 17. Isikawa |
| | 5. Akita | 11. Saýtama | 18. Fukui |
| | 6. Ýamagata | 12. Tiba | 19. Ýamanasi |
| | 7. Fukusima | 13. Tokio | 20. Nagano |
| | | 14. Kanagawa | 21. Gifu |
| | | | 22. Sidzuoka |
| | | | 23. Aýti |

| ***Kansaý*** | ***Týugoku*** | ***Sikoku*** | ***Kýusýu we Okinawa*** |
|---|---|---|---|
| 24. Mie | 31. Tottori | 36. Tokusima | 40. Fukuoka |
| 25. Siga | 32. Simane | 37. Kagawa | 41. Saga |
| 26. Kioto | 33. Okaýama | 38. Ehime | 42. Nagasaki |
| 27. Osaka | 34. Hirosima | 39. Koti | 43. Kumamota |
| 28. Hýogo | 35. Ýamaguti | | 44. Oita |
| 29. Nara | | | 45. Miýadzaki |
| 30. Wakaýama | | | 46. Kagosima |
| | | | 47. Okinawa |

koreýler, 2%-i hristianlar, şeýle-de aýnylar (ýerli aborigenler), hytaýlylar, filippinler, ýapon brazilleri we ýapon peruanlylary ýaşaýarlar. Ýaponiýanyň ilaty gelip çykyş, etniki, dil we din gatnaşyklarynyň aýratyn meňzeşligi bilen tapawutlanýarlar.

Dünýäde garaşylýan iň uzak ýaş döwri Ýaponiýada bolup, 2015-nji ýylda ol 82,12 ýaşa deň boldy, bu ýerde şeýle-de çaga ölüminiň iň pes derejesi kesgitlenildi. Ýapon jemgyýeti tiz garraýar. Ikinji jahan urşundan soňky demografiki partlama XX asyryň ahyrlaryna dogluşyň pes derejesine öz ornuny berdi. Demografiki düzümdäki bu üýtgeşmeler birnäçe durmuş meseleleriniň döremegine hususan-da, geljekde işçi güýjüniň peselmegine we nepaga ýaly durmuş tölegleriniň gymmatynyň ýokarlanmagyna getirdi. Ýapon halkynyň ýaşlary durmuş gurmakdan, maşgala bolmakdan çetde durýarlar. Netijede, 2050-nji ýylda Ýaponiýanyň

ilatynyň sany 95 milliona çenli pese gaçar diýlip çaklanylýar. Demograflar we hökümet bu meseläni çözmek ugrunda işleýärler. Meseläni çözmekde köplenç immigrasiýa we dogluşy höweslendirmek syýasatlary peýdalanylýar.

Ýaponlaryň aglaba bölegi buddizm we sintoizm dinlerine uýýarlar. Hytaýlylaryň konfusiýasy, dzenbuddizmi, we amedizmi hem ýapon dini uýmalaryna we däp-dessurlaryna öz täsirini ýetirdi. Ýurda dini sinkriatizm häsiýetli. Şunda dine uýujylar birwagtda birnäçe dine uýup bilýärler. Bu ýagdaý dürli dinleriň garyşmagyna getirýär. Ýurduň ilatynyň aglaba bölegi ýapon dilinde gürleýär. Bu dile beýleki dilleriň arasynda meňzeş dil ýokdur.

Her bir ýaponiýaly döwlet ýa-da saglygy goraýyş guramalary tarapyndan ýerine ýetirilýän 3 maksatnamanyň haýsy bolsa-da biriniň çäklerinde hereket edýän medisina ätiýaçlandyryş ulgamy bilen gurşalandyr. Işleýänler 70 ýaşa ýetýänçäler wagtly-wagtynda ätiýaçlandyryş töleglerini töläp durýarlar. Hassa bolanlar medisina hyzmatlaryň gymmatynyň diňe ujypsyzja bölegini töleýärler, esasy çykdajylar ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň üstüne ýüklenilýär.

Köp ýaponlar üçin nepaga döwri 55 ýaş hasaplanýar. Nepagadaky adamlar durmuş töleglerini alyp bilýärler. Kompaniýalaryň hususy nepaga maksatnamalary bar, olar dynç alyş töleglerini we öňki ýyllyk haklaryň ýarysyna golaýy görnüşinde her ýylda nepaga töleglerini tölemegi göz öňünde tutýar. Ýaponlar zähmetsöýer halk, olar nepaga çykandan soň hem dynç alşa gitmäge howlukmaýarlar. Firmalar nepaga ýaşyndaky işgärleri, adatça, filiallara pesräk wezipä ýa-da maslahatçy edip belleýärler. Ýaşuly aýallar ofislerde çaý taýýarlaýarlar we arassaçylyk bilen meşgullanýarlar. Şeýle tejribe telekeçilere serişdelerini tygşytlamaga, nepagadaky adamlara bolsa nepaga haklaryny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Ýaponlar işsizlik boýunça gysga möhletli tölegleri, işe ukypsyzlyk boýunça bolsa iş hakynyň 60%-i möçberine deň bolan uzak möhletleýin tölegleri almaga hukuklary bar. Olaryň her ýyl dowamlylygy 5 gün we her işlän iş ýyly üçin 1 gün dynç almaga hukuklary bar.

Ýaponiýa ylym-bilim, tehnologiýanyň täze gazananlary babatynda hem ilkinjileriň hatarynda durýar. Ýurduň bilim ulgamy 1872-nji ýylda Bilim hakyndaky buýruga görä esaslandyryldy. Bilim hakyndaky esasy Kanun bolsa 1974-nji ýylda kabul edildi.

Ýaponiýa şu günlere çenli bilimiň ösmegi ugrunda birnäçe ädimleri ätdi. Çagalar bagy, başlangyç mekdepler, orta mekdepler, kolležler hem-de uniwersitetler ilkibaşlarda döwlete degişli bolupdy. Bilim ulgamynyň kämilleşmegi bilen birnäçe hususy bilim ojaklary hem açyldy. Şu günlerde Ýaponiýanyň başlangyç mekdepleriniň 95 göterimi döwlete degişlidir. Ýurduň

bilim ulgamynda hususy bilim ojaklaram aýratyn orna eýedir. Ýurtdaky orta mekdepleriň 24 göteriminiň, uniwersitetdir kolležleriň bolsa 73 göteriminiň hususy bolmagy muny has-da aýdyňlaşdyrýar. Bilim ulgamyna görä, bilim almak döwri başlangyç mekdepde alty ýyla, orta mekdepde alty ýyla, uniwersitetde bolsa dört ýyla deňdir.

Hususan-da, soňky 15 ýylyň içinde ýurduň tutuşlaýyn bilim ulgamyna başlangyç mekdeplerden uniwersitetlere çenli oňyn täsir edýän özgertmelere gabat gelmek bolýar. 1997–1998-nji ýyllarda ýurduň bilim syýasaty boýunça möhüm kararlary çykarýan Bilim boýunça merkezi geňeş, esasan, üç meseläni: bilim boýunça XXI asyrda edilmeli işleri, raýatlara çagalyk ýyllaryndan başlap bilim bermegi, bilim boýunça ýerli dolandyryş ulgamyny alyp barmagy öňde goýýar. Öňde goýlan meseleleriň sanlyja ýylda çözülmegi bilim ulgamynyň kämilleşmegine getirýär.

Ýaponiýada her çaga hökman başlangyç mekdepde alty ýyllyk we birinji derejeli orta mekdepde üç ýyllyk bilim almagy kanun boýunça göz öňünde tutulandyr. Ýaponiýada okuw ýyly 1-nji aprelden başlap, martda tamamlanýar. Okuw ýyly 3 semestrden ybarat bolup, olaryň arasy iýul-awgustdaky tomus we dekabryň ahyryndaky gyşky 10 günlük dynç alyş döwürleri bilen bölünendir. Okuw sapaklary şenbäni goşmak bilen ýylda 240 gün dowam edýär.

Mekdepleriň hemme derejeleriniň maksatnamalary bilim ministrligi tarapyndan tassyklanýar. Okuw kitaplarynyň awtorlary-öz ugrunyň ýokary ussatlary bolsa-da çykarylýan okuw gollanmalara ministrlik tarapyndan wagtly-wagtynda bellikler hem edilýär.

Häzirki wagtda Ýaponiýada 1201 sany uniwersitet hereket edýär. Olaryň 141-isi milli uniwersitet, 105-isi döwlet uniwersiteti, galan 955-isi bolsa hususy uniwersitetlerdir. Olaryň içinde iň gadymysy we öň imperatoryň ilkinji uniwersiteti ady bilen belli bolan Tokio (1877-nji ýylda esaslandyrylan) uniwersiteti Ýaponiýanyň iň abraýly ýokary okuw mekdebi hasaplanýar. Bu uniwersitetleriň 598-isi, şol sanda milli uniwersitetleriň 85-isi, döwlet uniwersitetleriniň 65-isi, hususy uniwersitetleriň bolsa 448-isi bakalawr derejesini (4 ýyl), magistr derejesini (2 ýyl), şeýle-de doktor (5 ýyl) derejesini berýär.

Dünýäde ylym-bilim babatynda çuňňur barlaglary geçýän «Times Higher Education» we «QS Top Universitet» tarapyndan ýaňy-ýakynda hödürlenen derňewe görä, Ýaponiýanyň Tokio uniwersiteti, Kiýoto uniwersiteti, Osaka uniwersiteti, Tokio Tehnologiýa instituty, Nagoýa uniwersiteti, Tohoku uniwersiteti 2014-nji ýyl boýunça dünýäniň iň gowy 100 uniwersitetiniň hataryna girdi. Diýmek, Ýaponiýanyň dünýäniň iň gowy ýüzlügine goşulýan uniwersitetleriniň sanynyň artmagy ýurduň bilim ulgamynyň ösýändigine şaýatlyk edýär.

Ýaponiýanyň 9-njy Konstitusiýasy ýurda öz goşunyny döretmegi we uruşlara gatnaşmagy gadagan edýär. Ýaponiýanyň häzirki zaman ýaragly güýçleri öz-özüňi goramak güýçleri diýlip atlandyrylýar, olaryň harby işi örän çäklendirilen. 2007-nji ýyldan bäri bu edarany Ýaponiýanyň goranmak ministrligi dolandyrýar. Milli çäklerde ýüze çykan adatdan daşary ýagdaýlarda Ýaponiýanyň öz-özüňi goraýyş güýçleriniň dürli düzüm böleklerine ýolbaşçylyk etmek parlamentiň rugsady bilen premýer-ministre ýüklenilýär. Öz-özüňi goramak güýçleriniň düzümi: gury ýer, deňiz we howa güýçlerinden ybarat. Ýaponiýanyň öz--özüňi goramak güýçleriniň esgerleri erkin isleg boýunça seçip almak düzgüni esasynda ýygnalýar.

Ýaponlar sportuň janköýerleri hasaplanýar. Ýurtda milli sportuň gadymy görnüşi hökmünde sumo göreşi tassyklandy. Döwletde her ýyl sumo boýunça 6 sany ýaryş geçirilýär, onda ýokary derejäniň çäklerinde Imperatoryň kubogy ugrunda 50 göreşiji öz güýçlerini synaýarlar. 15 sany duşuşykda gowy görkezijileri görkezen göreşiji ýeňiji bolýar. Milli sportuň beýleki görnüşleri--kendo (bambuk gylyçlarynda söweş etmek), dzýudo, karate.

Ýaponiýanyň paýtagty Tokio ýurduň esasy ykdysady we medeni merkezi hasaplanýar. Tokio Honsýu adasynyň günorta-gündogarynda ýerleşýär. Şäheriň umumy tutýan meýdany 2187.08 kw. km bolup, onda 15 milliondan gowrak adam ýaşaýar. Tokio gündogaryň paýtagty hasaplanýar. Şäheri ählihalk tarapyndan saýlanylan gubernator dolandyrýar. Tokioda ýurduň hökümetiniň binasy hem-de imperatoryň köşgi ýerleşýär.

Tokio dünýäniň iri maliýe merkezleriniň biri hasaplanýar. Ol bu babatda Nýu-Ýorkdan we Londondan soň üçünji orunda durýar. Şeýle hem Tokio dünýäniň ykdysady taýdan iň ösen şäherleriniň biridir. «Praýswoterhaus Kupers» kompaniýasynyň geçiren barlaglaryna görä, soňky ýyllarda şäheriň ýokary depginler bilen ösýändigi mälim edildi. «Fortune Global» žurnaly her ýyl dünýäniň iň iri 500 kompaniýasynyň sanawyny çykarýar. 2012-nji ýylyň sanawyndaky 48 kompaniýa Tokioda ýerleşýär.

Mundan başga-da Tokio halkara maliýe merkezi hasaplanýar. Dünýäniň iri maýa goýum banklarynyň, ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň ştab-jaýlary bu şäherde ýerleşýär.

Ilkinji Jahan urşundan soň, ýurduň iri kompaniýalary hem öz ştab--jaýlaryny Osakadan (ýurduň gadymky maliýe paýtagty) Tokio göçürdiler. Tokionyň fond biržasy iri biržalaryň biri bolmak bilen, dünýäde bazar kapitallaşdyrmasy boýunça ilkinji orunlaryň birini eýeleýär. Syýahatçylyk pudagy hem şäheriň ykdysadyýetine öz goşandyny goşýar.

Tokioda ýurduň iri kompaniýalary «Mitsubishi», «Sumitomo» hem-de «Misui» hereket edýär. Döwlet edara-

lary şäheriň Marunouti, Otemati, Nihonbasi ýaly etraplarynda ýerleşýär. Maşyngurluşyk we metallary gaýtadan işleýän pudaklara degişli kärhanalar hem bar. Himiýa senagatynda derman we kosmetika senagaty ýaly ugurlar uly ösüşler gazandy. Şäheriň çaphana, gurluşyk materiallary we azyk önümçiligi hem ösendir.

Şeýle hem Tokio ýurduň iri ulag uzelidir. Deňiz we howa gatnawlary halkara ähmiýetlidir. Deňiz porty 10 gämi duralgasyndan ybarat. Tokio portunyň ýük dolanyşygy 55,6 million tonna barabardyr. Ol bu ugurda Ýaponiýanyň özünden hem öňdäki orunlarda durýar. Tokio ýokary tizlikli otlular arkaly ýurduň iri şäherleri bilen birleşýär.

## 19.2. Ýaponiýanyň ykdysady ösüşiniň taryhy

Ýurduň ykdysady ösüşiniň başlangyjy XX asyryň ikinji ýarymyndan soň başlandy. XX asyryň birinji ýarymyny Ýaponiýa birnäçe uruşlara baş sokmak bilen geçirip, öz ykdysadyýetiniň ösüşine kän bir üns bermedi. XX asyryň başlarynda Ýaponiýada demokratik Taýsýo döwrüniň höküm sürmegi militarizmiň we ekspansionizmiň ösmegine getirdi. Ýurt Birinji Jahan urşunda Antantanyň düzüminde urşa gatnaşyp, öz syýasy we çäk giňişligini ulaltdy. 1931-nji ýylda ekspansionizm syýasatyny dowam etmek bilen, Ýaponiýa Mançžuriýany eýeledi we Mançžou-Go golasty döwletini döretdi. 1936-njy ýyldaky Littonyň çykyşyndan soň Milletler Guramasy onuň bu hereketlerini ýazgardy, Ýaponiýa bolsa muňa jogap edip Guramanyň düzüminden görnetin ýagdaýda çykdy. 1936-njy ýylda Ýaponiýa nasist Germaniýa bilen antikomintern paktyna gol çekdi, 1941-nji ýylda bolsa «Os» ýurtlarynyň hataryna goşuldy.

1937-nji ýylda Ýaponiýa Hytaýyň beýleki böleklerine aralaşyp, ikinji ýapon-hytaý urşuna (1937–1945) başlaýar, bu hereketden soň ABŞ Ýaponiýa nebit imbargosyny girizýär. 1941-nji ýylyň 7-nji dekabrynda Ýaponiýa ABŞ-nyň Pýorl-Harber harby flotuna çozuş edip, bu hereketi bilen ABŞ-a we Beýik Britaniýa uruş yglan edýär. Bu ýagdaý ABŞ-nyň Ikinji Jahan urşuna gatnaşmagyna getirýär. Ýapon imperiýasy Gonkongy, Filippinleri we Makkuny eýeleýär, emma 1942-nji ýylda Koral deňzindäki ýeňlişi ony deňizdäki artykmaçlyklaryndan mahrum edýär.

1945-nji ýylyň awgust aýynda ýurduň Hirosima we Nagosaki şäherlerine atom bombalarynyň oklanmagy, şeýle-de SSSR-iň Ýaponiýa garşy harby hereketlere gatnaşmagy 1945-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda Ýaponiýany ýeňliş hakyndaky karara gol çekmäge mejbur etdi. 1947-nji ýylda ýurt liberal demokratiýa nazarlanan täze posefist konstitusiýany kabul etdi. Soýuz goşunlary tarapyndan Ýaponiýanyň gabalyşy San-Fransiskoda parahatlyk ylalaşygyň kabul edilmegi bilen tamamlandy. Bu ylalaşyk 1952-nji ýylda güýje girdi, 1956-njy ýylda bolsa Ýaponiýa BMG-niň hataryna girdi. Soňra Ýaponiýa 10 ýylyň dowamynda ýylda ortaça 10%-e deň bolan ykdysady ösüşiň ýokary depginlerini gazanmagy başardy. 1991-nji ýylda ykdysady ösüş çökgünlige syrykdy, bu çökgünlikden Ýaponiýa diňe 2000-nji ýylda baş alyp çykmagy başardy. Geliň indi, ýapon ykdysady ösüşiniň taryhyna giňişleýin seredip geçeliň.

Ýaponiýanyň Ikinji Jahan urşunda ýeňlişe sezewar bolmagy onuň geljekki sosial-ykdysady ösüşine güýçli täsir etdi. Bu ýagdaý ilki bilen täze kabul edilen konstitusiýa laýyklykda uruşdan ýüz öwürmegi kesgitlän içeri we daşary syýasatlaryndaky düýpli özgertmelerde, şeýle-de ilatyň ýaşaýyş şertlerini we jemgyýetçilik syýasy institutlaryň hereket edişini düýpli özgerden demokratik reformalaryň birnäçesiniň geçirilmeginde öz beýanyny tapdy. Uruşdan soňky reformalar we daşary syýasy ugruň üýtgedilmegi Ýaponiýanyň halk hojalygynyň ähli sferalarynyň güýçli ösmeginiň uzak möhletleýin bazasyna esas boldy. Bu bolsa öz gezeginde Ýaponiýa gysga döwrüň dowamynda dünýä ykdysadyýetiniň öňdebaryjy döwletleriniň birine öwrülmegine ýardam etdi.

Bu üstünligiň esasynda uruşdan soňky içerki özgertmeler we dünýäde bu döwlet üçin örän amatly ýagdaý, ýurduň alyp barýan netijeli ykdysady syýasaty we dünýä bazaryndaky üýtgeýän ýagdaýa telekeçileriň tiz öwrenişmegi, şeýle-de sosial-ykdysady ösüşiň ýapon modeliniň emele gelmeginde gutarnykly rol oýnan ýapon menejmentiniň we milli mentalitetiň özboluşly aýratynlyklary ýatyr.

Uruşdan soňky ýurduň ykdysady ösüşinde, adatça, şu aşakdaky döwürleri tapawutlandyrýarlar: dikeldiş döwri we özgertmeleriň geçirilmegi (1946–1952 ý.ý.); ýokary depginli ösüşler döwri (1953–1973 ý.ý.), ýangyjyň bahalarynyň ösüşine we ykdysadyýetiň halkaralaşmagyna öwrenişme döwri (1974–1989 ý.ý.), 90-njy ýyllaryň «çişirilen ykdysadyýet» çökgünligi we ondan çykmak döwri.

***Dikeldiş döwri we özgertmeleriň geçirilmegi (1946–1952 ý.ý.)*** Ikinji jahan urşunyň tamamlanan döwri Ýaponiýanyň ykdysadyýeti doly weýran bolupdy. Uruş zerarly çekilen umumy ýitgiler ýurduň uruşdan öňki bar bolan baýlygynyň umumy gymmatynyň 20%-ine deň boldy. Ýöne muňa

garamazdan, gysga döwrüň içinde ýurduň ykdysady bulam-bujarlygy ýok edildi, bahalar liberallaşdyryldy we kesgitlenen walýuta kursly, býujet durnuklaşdyryldy. Uruşdan öň hereket eden maşgala holdingler tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän dzaýbasu konsernleriň dargadylmagy demonopolizasiýa maksatnamasynyň wajyp düzüm bölegi bolup, ol üstünlikli durmuşa geçirildi.

1946–1949-njy ýyllar aralygynda iri pomeşik ýer eýeçiligini aradan aýran we ownuk erkin fermerler toparynyň emele gelmegine ýardam eden agrar reforma uly şowlulyk gazandy. Bu reformada esasy bellemeli zat, ol hem hyrydarlyk islegini, şol sanda senagatyň ösmegi üçin güýçli gural bolan önümçilik serişdelerini görnetin giňeltdi.

***Ýokary depginli ösüşler döwri (1953–1973 ý.ý.)*** Ýaponiýanyň ykdysadyýeti 50–60-njy ýyllarda beýleki döwletlerden ozup, ýokary ykdysady ösüşleri gazanmagy başardy. Bu esasan içerki süýşürintgileriň ýokary derejede toplanmagynyň netijesinde gazanyldy. Maýa goýumlar öňi bilen senagatyň düýpli pudaklaryna ýa-da täze pudaklara gönükdirildi. Maliýe serişdeleriniň düýpli bölegi ulag pudagynyň, esasanam ýokary tizlikli demir ýol, deňiz, gämi gurluşyklaryna we awtomobil senagatyna goýuldy.

Içerki süýşürintgileriň ýokary derejede toplanmagy bilen birlikde ykdysady ösüşiň ýokary depginine täsir eden beýleki sebäpleri hem belläp geçmek zerurdyr. Olaryň içinden uruşdan soňky reformalaryň netijesinde hyrydarlyk isleginiň çürt-kesik ýokarlanmagyny, täze senagat pudaklarynyň emele gelmegini, uruşdan öň ol ýa-da beýleki sebäplere görä (awtomobil, demir ýol ulagy, metal kesýän stanoklar, nebit önümleri we ş.m., şeyle-de atom energetikasy) ýeterlik üns berilmedik senagat pudaklaryň önümlerini dünýä bazarynda ýerlemek boýunça bäsleşige ukyply göreşde döwletiň we iri telekeçileriň Günbatardan galmazlyga ymtylyşyny bellemek zerurdyr.

Içerki süýşürintgileriň ýokary derejede toplanmagyna Ýaponiýany esasy kapitaly täzelemek zerurlygy iterdi. Onuň başlangyjy ýapon ykdysadyýetiniň uruşdan öňki derejä ýetmek başardandan soň başlandy. Dünýä bazarynda düýpgöter üýtgän şertler ýapon kompaniýalaryna uruşdan öňki ugry boýunça hereket etmäge mümkinçilik bermeýärdi. Täze bazarlary, täze we elbetde, bäsleşige ukyply harytlar bilen eýelemelidi. Muny bolsa ösen döwletlerden tehniki yzagalaklygy aradan aýyrmak we çig mallaryň hem-de ýangyç resurslarynyň toplumlaýyn gaýtadan işleýşinde we taýýar eşikleriň ülňi boýunça goýberilişinde täze tehnologiýalary özleşdirmek bilen gazanyp boljakdy. 60-njy ýyllaryň başlaryna eýýäm bu mesele doly derejede üstünlikli çözüldi. Ýaponiýa öz ykdysadyýeti üçin birnäçe täze önümçilikleri dünýä derejesindäki ýokary görkezijiler esasynda özleşdirmek

başartdy. Bu pudaklaryň önümleri ýokary hilliligi we bäsleşige ukyplylygy bilen tapawutlanýardy.

Şeýle radikal özgertmeleriň netijesi hökmünde gaýtadan işleýän senagatyň täze düzüminiň döredilmegi orta çykdy. Muňa 1960–70-nji ýyllarda Ýaponiýada bar bolan, diýseň amatly şertler, ýagny ýokary hünärli arzan işçi güýjüniň bolmagy, arzan importyň hasabyna ýetmeýän çig malyň we ýangyjyň üstüni dolmaga bolan amatly mümkinçiligiň bolmagy, daşary ýurt (esasan amerikan) ylmy-tehniki tejribäni giňişleýin peýdalanmaga bolan mümkinçiligiň bolmagy, şol wagta çenli toplanan içerki pul toplamalaryň bolmagy we döwlet gözegçiligi astynda gowy maliýe mehanizminiň bolmagy täsir etdi.

Ykdysady gudrat döwründe Ýaponiýanyň býujeti diňe profisitde boldy we 1968-nji ýyla çenli içerki karzsyz oňmagy başardy. Onuň şeýle-de Bütindünýä bankynyň birnäçe maksatly karzlaryny hasaba almazdan daşary karzlary hem ýokdy. Daşary ýurt maýadarlaryna içerki bazara girelge çäklendirilendi. Şu ýyllaryň dowamynda pul ulgamy örän mäkäm boldy. Kärhanalara maýa goýumlar esasan banklar tarapyndan pes göterimlerde maliýeleşdirildi.

Proteksionizm şol wagtyň senagat syýasatynyň düzüm bölekleriniň esasylarynyň biri boldy. Senagat syýasatynyň beýleki esasy bölekleri bolup ileri tutulýan ugurlara salgyt ýeňilliklerini bermek, bazara täze bäsdeşleriň aralaşmagyny çäklendirmek we birnäçe pudaklaryň, ilki bilen nebit himiýasy we nebiti gaýtadan işleýän kärhanalaryň, bank we ätiýaçlandyrma ulgamynyň işleriniň berk çäklendirmesi çykyş etdi.

Netijede, Ýaponiýa öňdebaryjy ösen döwletlerden köp ykdysady görkezijiler boýunça yza galaklygy aradan aýyrmagy başardy. JIÖ-niň göwrümi boýunça ol ABŞ-dan we SSSR-den soň 3-nji orna çykmagy başardy.

***Ýangyjyň bahalarynyň ösüşine we ykdysadyýetiň halkaralaşmagyna uýgunlaşma döwri (1974–1989 ý.ý.).*** 70-nji ýyllaryň başlarynda Ýaponiýanyň ykdysadyýetine güýçli zeper ýetiren nebit çökgünliginden soňky döwür ykdysady ösüşiň depginleriniň peselmegini häsiýetlendirip, 90-njy ýyllaryň başlaryna çenli dowam etdi. Nebite bolan dünýä bahalarynyň şol bir wagtyň özünde 4 esse ýokarlanmagy ýokary ykdysady ösüşiň soňuna çykdy. Ýurtda JIÖ-iň depgininiň durnukly uzak möhletleýin pese gaçyş döwri başlandy.

Şunuň bilen birlikde ýurduň geljegi üçin beýleki möhüm meseleler bolan – öndüriji güýçleriň birnäçe etraplarda biçak köp jemlenmegi, işçi güýjüniň ýetmezçiligi we iş bilen meşgul adamlaryň ýaş boýunça deňagramsyzlygy, daşary ýurt çig mal çeşmelerine bolan islegiň artmagy, dünýä bazarynda bäsleşigiň ýokarlanmagy we birnäçe beýleki meseleler has ýiti we agyryly duýlup başlandy. Ösüş depginleriniň peselmegine, şeýle-de

köp pudaklarda esasy kapitalyň gereginden artyk jemlenmegi hem täsir etdi. Bu bolsa ýerlenmedik öndüriji güýçleriň ýokarlanmagyna getirdi. Emma ösüşe tarap döwür tamamlanandan soň hem içerki süýşürintgileriň we içerki toplamalaryň normasy ýokary görkezijiliginde saklanyp galdy we netijede içerki hyrydarlyk islegiň pes görkezijisinde kapitalyň artykmaçlygyna getirdi. Bu ýagdaý «çişirilen ykdysadyýetiň» elementleriniň döremek mümkinçiligi bilen howatyrlandyrdy we geljekde ýurda bu heläkçilikli ýagdaýdan sowa geçmek başartmady. Ösüşi mundan beýläk hem eksportyň hasabyna emele getirmek kynlaşyp başlady. Sebäbi Ýaponiýanyň gaýtadan işleýän senagatynyň eksport nazarlanmasy döwlet üçin gipertrofirlenen häsiýete eýe boldy. Şunda senagatyň öňdebaryjy pudaklarynda eksportyň paýy 40–60%-e deňdi.

80-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda ykdysady gudraty emele getirmekde ýokary rol oýnan däp bolan ýapon menejmentiniň ýetmezçilikleri has görnetin duýlup başlandy. Ýetmezçilikler ömürlik hakyna tutma we ýaş boýunça zähmete hak tölemek ulgamynda, şeýle-de ilki bilen keýresu atly ýapyk görnüşli toparlara saýlanýan kiçi we orta subpodrýad kärhanalar bilen iri senagat we söwda kompaniýalarynyň aragatnaşyk ulgamynda ýüze çykdy. Bu ulgamda feodalizme mahsus patriarhal gatnaşyklaryň sypatlary aýdyň görünýärdi.

Eger öňki wagtlarda toparlaýyn subpodrýadçiklere bazar kynçylyklaryndan goranmak üçin durnukly toparlara integrirleme göwnejaý bolan hem bolsa, 90-njy ýyllaryň başlaryna olar bazarda erkin bäsleşik ýagdaýynda özbaşdak hereket etmek üçin ýeterlik güýç toplamagy başardylar. Telekeçilik tekliplериniň ýol almagyna päsgel berýän patriarhal keýresu ulgamy bolsa olaryň isleglerini kanagatlandyrmagy bes etdi. Milli ykdysady ulgamyň işinde bitertiplik ýagdaýyny döredip başlan maliýe senagat toparlaryň öňki netijeliligi çalt pese düşüp başlady.

Ýapon elitasy bolan uruşdan öňki dzaýbasunyň käbir sypatlaryny miras alan ýedi sany iri senagat-maliýe toparlar hem şuňa meňzeş kynçylyklara duçar boldular.

Ýüze çykan meseleleriň ýene biri-de ykdysadyýete döwlet gözegçiliginiň biçak ýokary derejä ýetmegidir. 80-nji ýyllaryň ahyryna ol ýurduň ykdysady we sosial nusgalaryna çapraz gelip başlady. Ýagny, Ýaponiýada uzak ýyllaryň dowamynda maliýe sferasyna döwlet tarapyndan göni gözegçilik tejribesi agdyklyk edip geldi. Wagtyň geçmegi bilen, liberallaşma we internasionallaşma ýagdaýlarynyň täsiri astynda maliýe sferasynyň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi biraz gowşady. Emma yzysüre bu sferada alnyp barlan üýtgedip gurmanyň täsiri ýeterlik bolmady we 1989-njy ýylda başy başlanan «çişirilen ykdysadyýet» fenomeniniň döremeginiň öňüni alyp bilmedi.

***90-njy ýyllaryň çökgünligi we ondan çykmak döwri.*** «Çişirilen ykdysadyet» birnäçe ýagdaýlaryň ýarylma derejesine ýetmegi esasynda emele gelip, ykdysadyýetiň näsaz ýerlerini örän çalt ýüze çykardy. Hökümet, bank we telekeçilik toparlarynyň ýapon ykdysady ulgamyň güýji we durnuklylygy baradaky ýokarlandyrylan gözýetimleri aksiýalaryň kursuny we ýeriň bahasyny olaryň hakyky girdeji getirjek bahasyndan has ýokarlandyryp, aldaw toruna saldy.

Ykdysady prosesiň ähli gatnaşyjylary: hususy telekeçilik sektory (aksiýalaryň we beýleki aktiwleriň emitenti, şeýle-de aksiýalaryň eýeleri we gozgalmaýan emlägi satyn alyjylar hökmünde), öý hojalykçylar sektory (hyrydar, şeýle-de aksiýalary we ýer böleklerini satyn alyjy hökmünde) we ahyr soňunda hem hökümet (ýagny onuň pul-karz syýasatyny taýýarlamaga jogapkär bolan organlary) ykdysadyýetiň gülläp ösmegi boýunça beren meýilnamalarynda biçak ýalňyşdylar. 1981–1990-njy ýyllarda Ýaponiýanyň JIÖ-niň ortaça ýyllyk ösüşi 4,2%-e deň boldy. Ösüş boýunça bellenilen meýilleriň özüni ödemegi üçin meselem, aksiýalarda alyp görsek, ýokarda görkezilen döwürde onuň ösüşi azyndan 3,5 esseden hem ýokary bolmalydy. Bu bolsa ykdysady ösüşiň depginleriniň ykdysady gudrat döwründäkiden hem ýokary bolmagyny aňladardy.

Maliýe sferasynyň liberallaşmagy we internasionallaşmagy pul massasynyň köpelmegine getirdi we hakyky önümçiligi giňeltmäge bolan mümkinçilige çapraz geldi. Bank karzlarynyň göterim haklarynyň 3 esse peselmegi «Arzan pullaryň» emele gelmegine getirdi, bu pullara aksiýalary, ýer böleklери satyn alyp, soňra bolsa olary girdejili satyp bolýardy. Pul massasynyň esasy bölegi harytlaryň we hyzmatlaryň önümçiliginiň çykdajylary bilen bagly bolman, aksiýalar we ýer bölekler bazarlaryna hyzmat etmek üçin şertleri döretmäge sarp edildi, şunda pul massasynyň artykmaç bölekleri «çişirilen ykdysadyýetde» öz ornuny tapdy. Gymmat bahaly kagyzlaryň bahalaryna täsir edýän maýa goýumlaryň birligine bolan hakyky girdeji bazarda garaşylýan meýillere garamazdan pese düşdi. Ýer bölekleriniň bahalary bolsa olaryň getirýän renta girdejilerinden arany açdy.

Ýer böleklerine we maliýe aktiwlerine bahalaryň galmagy we onuň yzysüresi bolsa pese gaçmagy bilen baglanyşykly ýagdaýlary saklap bolmady. Bank karzlarynyň uly böleginiň üsti ýapylmady we banklary uly bergiler bilen ýüzbe-ýüz galdyrdy. Öz gezeginde banklaryň köp bergidarlary tozdular. Bu ýagdaýdan esasan gurluşyk firmalar ejir çekdiler. Olaryň içinde tozanlaryň sany 2–3 ýylyň içinde birnäçe esse ýokarlandy. «Çişirilen ykdysadyýet» Ýaponiýanyň doly ýola goýlan hojalyk mehanizmini ýok etdi we 90-njy ýyllary hem-de XXI asyryň başyny öz içine alan yza tesişe öz ornuny berdi.

Ýaponiýanyň hökümeti, has-da 2001-nji ýylda hökümet başyna gelen Kaodzuminiň hökümeti ýurduň diňe bir çökgünlikden çykmagyna gönükdirilen syýasaty güýçlendirmek bilen çäklenmän, eýsem meýilleşdirilen tertipde bellibir täzelikleri hem girizdi. Ykdysady syýasatda esasy basyş – içerki hyrydarlyk, sarp ediş we maýa goýumda, şeýle-de daşary söwdada islegiň güýçlenmegine gönükdirildi. Döwletiň gurluşyk maksatnamalaryny maliýeleşdirmek üçin býujet tarapyndan goýberilýän pullaryň ýokarlanmagy kompaniýalar we banklar üçin niýetlenen stagnasiýadan çykmak üçin zerur bolan giň göwrümli islegiň ýetmezçiliginiň üstüni dolup bilmese-de, býujetiň bu uly möçberli kömekleri Ýaponiýanyň aglaba läheň kärhanalaryny tozmakdan halas etdi we ykdysady haosyň öňüni aldy. Emma bu ýagdaý onsuzam obligasiýalaryň goýberilmegi bilen üsti ýapylan uly býujet ýetmezçiliginiň ösmegine getirdi. Bu ýagdaýda işlemek bolsa milli ykdysadyýet üçin goşmaça töwekgelçilikli ýagdaýy döretdi.

Pul emissiýasy baradaky çäre hakynda aýdylanda bolsa, Ýaponiýanyň banky işjeň emission syýasaty, ýagny pul massasyny ýokarlandyrmak syýasatyny alyp barýardy. Onuň netijesinde göterim stawkalaryň nol derejä çenli peselmegi bolup geçdi.

Ýaponiýanyň ykdysadyýetiniň ösüşiniň geljekki meýillerine baha berlende köp analitikler şowlulyklary örän howatyrly meýilleşdirýärler. Olar ýurduň öňki durkuna ýetmek üçin alyp barýan ykdysady galkynyşyna ýaramaz täsir edýän ýagdaýlar öz güýjüni entek-entekler saklap galar diýen pikiri aradan aýyrmaýarlar.

## 19.3. Ýapon ykdysady modeliniň aýratynlyklary

Ýapon ykdysady ösüşiň ýokary depginlerine Ikinji Jahan urşundan soň emele gelen onuň hojalyk mehanizmi ýardam etdi. Onuň özüne mahsus bolan aýratynlyklary bolsa özboluşly model barada gürrüň etmäge itergi berýärdi.

Ýapon «ykdysady gudraty» baradaky gürrüňler eýýäm tamamlanan hem bolsa, ýapon ykdysadyýetiniň fenomenine henize çenli ýokary gyzyklanma bildirilýär. Hakykatdan-da, näme üçin Ýaponiýa daşary ykdysady garaşlylygynyň ýokarylygy, tebigy baýlyga garyplygy, soňky 20 ýyldaky ösüşiň pes depginliligi we ykdysady çökgünliligi bilen dünýä arenasynda

öz ykdysady (şeýle-de syýasy) taraplaryny yzygider berkitmegi dowam edýär?

Ýaponiýanyň hojalygynyň ösüşi, esasan, 4 sany ýörelgeden ugur alýar. Olar:

1. Döwlet tarapyndan berk gözegçilik, ýagny ähli resurslaryň ileri tutulýan wezipelerini çözmäge jemlenmegi;
2. Güýçli toplamalar we maýa goýumlar fonduny döretmäge ugrukdyrylan ykdysadyýetiň ýokary derejedäki eksport nazarlanmasy (netijede häzirki wagt ýurduň hojalygynyň eksporta nazarlanmasy örän ýokary);
3. Daşary ýurt kapitalyny (ilkinji nobatda YTP-ni ösdürmäge) giňden çekilmegi;
4. Daşary bazarlarda önümiň hilini we bäsleşik göreşini hemişe gowulandyrmaga mümkinçiligi bolan iri milli monopoliýalaryň döredilmegi.

Ýokarda görkezilen ýörelgeler Aziýa ýurtlarynyň «oýlap tapyşy» däl, olar köp bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda aprobasiýa geçdiler. Halkyň psihiologiki däpleriniň giňden peýdalanylmagy bu modelde «arassa». Aziýa guraly bolup çykyş etdi. Bu däpler berk düzgün-nyzamlylyk, aýratyn zähmetsöýerlilik, geň galdyryjy ykjamlylyk we tertiplilik, sabyrlylyk, iş eýesine wepalylyk, ululary sylamak we diýenine boýun bolmak, öz ýeriňi bilmek, okamaga bolan höwes ýaly filosofik, dini we moral gymmatlyklar esasynda çylşyrymly tebigy we taryhy şertlerde emele geldi.

Ýaponiýa üçin uzak iş güni häsiýetlidir. Erkek adamyň iş wagty hepdede ortaça 57,7 sagada deň. Bu görkeziji ABŞ-nyň we Günbatar Ýewropanyň görkezijisi bilen deňeşdireniňde 10 sagat artykdyr.

Kompaniýalarda işleýän adamlaryň aýlyk haklarynda görnetin tapawut ýok. Salgytlar aýrylandan soňra kärhanany dolandyryjy ýolbaşçynyň alýan ortaça aýlyk haky – iň az hak alýan işgäriňkiden takmynan 10 esse köpdür, ABŞ-da bolsa bu görkeziji 100 essä deň.

Zähmet gatnaşyklarynda aýallaryň işçi güýji aýratyn ýagdaý bilen tapawutlanýar. Köp kompaniýalaryň ýolbaşçylary aýallara «çykdajylar materialy» hökmünde garaýarlar. Dartgynly ykdysady şertlerde ilki bilen şu derejedäki işgärler işden boşadylýar. Döwlet hasabatynda aýallar öý hojalykçy hökmünde bellige alynýar. Şonuň üçin haçanda aýallar işsiz galanda olary işsizleriň hataryna goşmaýarlar. Bu üýtgeşik bolmadyk emel işsizlik boýunça resmi görkezijini pes derejede saklamaga mümkinçilik berýär. Ýapon aýallarynyň orta derejedäki haklary erkekleriňkiden 2 esse pesdir. Ýöne muňa garamazdan, aýallar maşgala bilen işi özara baglanyşdyrmagy başarýarlar, şonuň üçin Ýaponiýada nikadan çykýanlaryň sany örän pes derejededir.

Bilim ulgamynda işgärleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak – durmuş-medeni däp-dessurlara esaslanýar. Şonuň üçin Ýaponiýada alymlaryň sany ähli Ýewropanyň alymlaryny jemläniňde hem köpdür.

Ýokarda bellenilen ähli ýörelgeleriň we gymmatlyklaryň kabul edilmeginiň netijesinde 50-nji ýyllaryň başlarynda ýumrulan we tapdan düşen Ýaponiýada ýokary ykdysady ösüş başlandy. Bu görkeziji boýunça ol ähli kapitalistik döwletleriň öňüne geçmegi başardy. Ösüşiň tizleşmegine: birinjiden, zawodyň ulanylan we könelen tehniki enjamlarynyň giňden täzelenmegi täsir etdi. Häzirki wagt Ýaponiýadaky önümçilik kärhanalarynyň tehniki enjamlarynyň 2/3 bölegi ylmy-tehniki progresiň iň täze gazananlarydyr. Döwlet öz ylmy-tehniki gözlegleriniň göwrümini giňeldýär. Ikinjiden, ösüşiň tizleşmegine täsir eden kesgitleýji faktorlaryň biri bolup işçiler toparynyň dessine peýdalanylmagy, üçünjiden, döwlet-monopol kapitalizmi ýapon senagatynyň üýtgedip gurulmagyna giňden ýardam etdi. Kärhanalaryň durkunyň täzelenmegi we täze önümçilik kärhanalarynyň gurulmagy boýunça çykdajylaryň agramly bölegini döwlet öz üstüne aldy, monopoliýalara salgyt ýeňillikleri we uly möçberli karzlary berdi.

Häzirki wagt Ýaponiýanyň senagaty import edýän çig malyny gaýtadan işlemäge we ýokary tehnologiýalary işläp taýýarlamaga ýöriteleşýär.

Ýapon hususy telekeçiliginiň düzüm aýratynlyklary häzirkizaman senagatyň dualizm häsiýetine eýe bolan ýurtlaryňkydan tapawutlanýan ajaýyp durmuş düzümine eýedir. Gaýtadan işleýän senagatyň iş üpjünçiliginde we önümçiliginde esasy orun kiçi we orta telekeçilige degişli bolup durýar. Şunda ownuk telekeçiligiň paýy hem pes däl, kiçi kärhanalar toplumynyň giňişliginde kapitalyň agyr senagat pudaklarynda jemlenmesiniň ösüşi çaltlaşdy, netijede äpet uly birleşmeler emele geldi.

Ýurduň ykdysady düzüminiň aýratynlygy-firmalaryň biri-biri bilen ýokardan aşaklygyna sepleşen toplumy emele getirmeginden ybarat bolup, ol ýurduň ähli işewür gatnaşyklar ulgamyny özünde jemleýär. Ýapon hojalyk ulgamyny tapawutlandyryjy aýratynlyklaryň biri – keýresu toparlarynyň barlygydyr. Bu toparlar kiçi we orta telekeçilik kärhanalaryny özünde jemleýän iri kompaniýalaryň birleşmesi bolup, olaryň önümçilik ýöriteleşmesi merkezi firmalar tarapyndan kesgitlenýär.

Gaýtadan işleýän senagatyň kiçi we orta kompaniýalarynyň 60%-i subpodrýad gatnaşyklar ulgamyna degişlidir. Bu ulgamyň özboluşly aýratynlygy onuň ýeke-täk guramaçylyk häsiýetini kesigitleýän uzakmöhletleýin gatnaşyklardan ybarat bolmagydyr. Häzirki wagt ýurtdaky hiç-bir iri senagat kompaniýasy ýeke-täk ýu-

ridiki tarap hökmünde çykyş etmeýär. Günbatar ýurtlaryň iki gatlakly (bazar--kärhana) düzüminden tapawutlylykda ýapon ykdysady ulgamy üç gatlakdan (bazar-kärhanalar topary-kompaniýa) ybarat bolup durýar. Kanunçylyk kiçi we orta kärhanalaryň tozmagyna däl--de, boýun bolmagyna ýardam edýär.

Ýapon ykdysady ösüş modeline mahsus taraplaryň ýene-de biri, ol hem milli däp-dessurlaryň we işçi güýjüniň aýratynlyklaryny ulanmak bolup durýar. Ýurtda uzak döwrüň dowamynda ömürlik hakyna tutma ýörelgesi wagyz edildi. Kiçi we orta kärhanalardan tapawutlylykda işgärler bölümini gurmaga we iş bilen üpjün etmäge ýagdaýy bolan iri kompaniýalar bu ýörelgäni ýerine ýetirmekde uly artykmaçlyklara eýedirler. Kompaniýalarda we kanunçylykda ömürlik iş bilen üpjün etmek boýunça kepilligi kesgitleýän dürs düzgünleriň ýoklugy görnetindir. Şunuň bilen birlikde işgärler hem işgärler bölümi hem uzak möhletli işe açyk däl ýagdaýda işgärler ylalaşygynyň bir bölümi hökmünde seredýärler. Subsidiýalar ulgamynyň üsti bilen iş bilen üpjünçiligi saklamaga ymtylýan hökümet hem bir ýerde üznüksiz uzak möhletleýin işlemek ýörelgesine eýermegi garşylaýar. Şeýlelikde, iş ýüzünde bu meseläniň düýp mazmuny, beýleki döwletler bilen deňeşdireniňde, hakyna tutmagyň has uzak möhletliligine syrygýar.

Ýaponiýada aýlyk hakyň derejesi işlän iş wagtyňa baglylykda kesgitlenýär. Orta ýaş döwründe aýlyk hakyň derejesi has hem çalt ýokarlanýar. Şunda kesgitlenen aýlyk hakyň üstüne dürli goşmaça tölegleri tölemek usuly hem giňden peýdalanylýar.

Zähmet gatnaşyklary «firma biziň umumy öýümiz» diýen filosofiýa daýanyp alnyp barylýar. Işçi güýjüniň ulanylmagy bolsa, esasan, «adam mümkinçiligi» konsepsiýasyna esaslanýar.

Ykdysady modeliň ýene-de bir aýratynlyklarynyň biri hem döwlet dolandyryş edarasynyň we kapitalyň umumy meseleleri çözmekde jemlenmegidir. Senagat, söwda, bank kompaniýalarynyň we hökümetiň hereketleriniň ýokary koordinasiýasy henize çenli saklanyp gelýär. Ýurtda umumy-döwlet, sebitleýin, maksatlaýyn, pudaklaýyn we firma içre meýilnamalaşdyryş ulgamy giňden ulanylýar. Umumydöwlet derejesindäki maksatnamalar, meýilnamalar bir bütewi ulgam görnüşinde işlenip düzülýär, jemgyýet üçin esasy we isleg bildirilýän ykdysady we durmuş ösüşe nazarlanmadan ugur alýar. Umumydöwlet meýilnamalar, esasan, hususy firmalaryň işini düzgünleşdirmäge ugrukdyrylandyr. Ykdysady ösüşiň umumy milli meýilnamalarynyň esasy maksatlary we wezipeleri direktiw häsiýete eýe bolan korporatiw içre meýilnamalaryň düzüminde takyk durmuşa geçirilýär. Şeýlelikde, çylşyrymly, öza-

ra baglanyşykly meýilnamalaşdyryş ulgamy emele gelýär. Öz gezeginde korporatiw içre meýilnamalar umumydöwlet maksatnamalary işlenip düzülende hususy kompaniýalaryň iri birleşmelerinden, seýle-de degişli assosiasiýalardan we maliýe-senagat toparlaryndan maslahat almak mehanizminiň esasynda göz öňünde tutulýar.

Şeýlelikde, ýapon kompaniýalary öz kärhanalaryna wepaly personala esaslanýan guramalara öwrüldiler. Däp bolşuna görä, kärhana funksional düzüm hökmünde hereket edip, olaryň esasy maksady peýda almakdy. Indi bolsa, olar gurama öwrülip, olaryň esasy maksady personala amatly şertleri döretmekden ybarat.

Ýaponiýanyň durmuş-ykdysady gurluşy umuman ösen döwletler üçin adatydyr, ýöne ol entege çenli birnäçe häsiýetli aýratynlyklaryny saklap gelýär. Olary iş bilen üpjünçiligiň düzüminde, işewür kärhanalary guramakda, däp-dessurlarda, zähmet gatnaşyklarynda, iş tejribesinde, karz gatnaşyklar ulgamynda, ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň häsiýetinde görmek bolýar. Ýapon hojalyk gurluşynyň has görnükli aýratynlyklary bolup uzak möhletleýin şertnamalar we hemişelik hyzmatdaşlyk çykyş edýär. Ýurda Günbataryň yzyndan ýetmek üçin iki onýyllykdan hem gowrak wagt gerek boldy. Öňdebaryjy daşary ýurt tehnologiýalaryny karzyna almak we soňra olaryň hilini has kämilleşdirmek bilen Ýaponiýa diňe bir ykdysadyýetiň köp pudaklarynda dünýäniň tehniki derejesine ýetmek bilen çäklenmän, eýsem-de geljege nazarlanan tehnologiýalaryň halkara bazarlarynda kuwwatly önümçiligi döretmegi başardy. Tebigy barlaglarda we işläp taýýarlamalarda, şeýle-de innowasion işi dolandyrmakda Ýaponiýa Günbatar döwletleriniň arasynda özüne kesgitli artykmaçlyklary gazanmagy başardy. Şeýle-de ýurduň ykdysady ösüş strategiýasyna eýerip, Günbataryň yzyndan ýetmek ugrunda beýleki döwletleriň tejribesini göz öňünde tutmaga hem-de ýüze çykan kynçylykly ýagdaýlary öz wagtynda we örän netijeli gözegçilik astyna almaga mümkinçiligi boldy.

Ykdysadyýetiň ýapyklygyndan Ýaponiýa ilki bilen liberallaşma, soňra internasionallaşma geçdi. Ýurduň ykdysadyýeti halkara bäsleşik üçin açylyşdy, döwlet syýasatynyň köneçe dolandyrylyşy bolsa öten zamanda galdy.

## 19.4. Ýaponiýanyň häzirkizaman ykdysadyýeti

2014-nji ýylda Ýaponiýanyň jemi içerki önümi satyn alyjylyk ukyby boýunça 4,7 trillion dollara barabar bolup, eksporty 699,5 milliard dollara, importy bolsa 798,6 milliard dollara deň boldy.

Ýaponiýada adamlaryň ýaşaýyş derejesi örän ýokary (adam potensialynyň ösüş indeksi boýunça 10-njy ýer) görkezijä eýe.

Ýaponiýa gazylyp alynýan tebigy baýlyklara garyp döwletdir. 1976-njy ýylyň maglumatlaryna laýyklykda olaryň gorlary: kömür – 8630 million tonna, demir – 228 million tonna, kükürt – 67,6 million tonna, marganes – 5,4 million tonna, gurşun-sink – 4,7 million tonna, nebit – 3,8 million tonna, mis – 2,0 million tonna, hromit – 1,0 million tonna, şeýle-de altyn, kümüş we simabyň az mukdarda gorlary bar. Tokaýlar ýurduň 66%-ini tutýar. Ýaponiýanyň florasynda 700 sany baglaryň we gyrymsy agaçlaryň görnüşi, şeýle-de 3000-e golaý otlaryň görnüşi bar. Ýaponiýanyň topragy oba hojalygy üçin gaýtadan işlemäge ýaramsyzdyr. Ýaponiýanyň ekologiki taryhy we ýurduň häzirkizaman syýasaty ykdysady ösüş bilen daş-töweregi goramagyň arasyndaky deňagramlylygy saklaýar. Ikinji Jahan urşundan soňky ekologiki syýasata berilýän üns pese gaçýar we netijede 1950–1960-njy ýyllarda daş-töweregiň güýçli hapalanmasy bolup geçdi. Bu ýagdaýy aradan aýyrmak üçin döwlet tarapyndan 1970-nji ýylda kanun kabul edilip, 1971-nji ýylda bolsa daş-töweregi we tebigaty goramak boýunça komitet döredilýär. Şeýle-de 1973-nji ýylda bolup geçen nebit çökgünligi energiýany netijeli peýdalanmagy höweslendirdi. Ýaponiýadaky bar

*13-nji tablisa*

**2014-nji ýylda dünýäniň JIÖ-de dürli ýurtlaryň paýy, göterim hasabynda (satyn alyp bilijilik ukybynyň esasynda)**

| Ýurtlar | %-i |
|---|---|
| Hytaý | 18,08 |
| ABŞ | 17,34 |
| Hindistan | 7,41 |
| Ýaponiýa | 4,76 |
| Germaniýa | 3,74 |

Çeşmesi: World Economic Outlook DataBase (Halkara Walýuta Gaznasy, 2014).

bolan ekologiki meselelere şäherlerde (azot oksidleri, hapa gazlary) howanyň zaýalanmagyny, suwlaryň hapalanmagyny, klimatyň üýtgemegini, şeýle-de daş-töweregi arassa saklamakda halkara hyzmatdaşlygy degişli etmek bolýar. Häzirki wagt Ýaponiýa ekologiki taýdan arassa tehnologiýalary işläp taýýarlamakda dünýä liderleriniň biridir. Honda we Toýota gibrid awtomobiller ýokary ýangyç tygşytlylygy we pes tüsse çykaryjylygy bilen tapawutlanýar. Bu gibrid ulgamda öňdebaryjy tehnologiýalar, bioýangyç, has ýeňil materialyň we oňat tehnikanyň ulanylmagy bilen baglanyşykly. Ýaponiýada, şeýle-de klimatyň üýtgemegi we global ýylylyk bilen baglanyşykly meselelere-de seredilýär. Kioto protokolyna gol çeken ýurt hökmünde Ýaponiýa kömürturşy gazyny çykarmagy azaltmak we klimatyň beýleki üýtgemegine täsirini ýetirýän hadysalaryň öňüni almak boýunça jogapkärçilikleri öz üstüne aldy.

Häzirki wagt import edilýän çig malyň esasynda ýurtda 20-den gowrak AES işleýär we elektrik energiýasynyň 30%-ini berýär. Suw elektrik stansiýalaryň kuwwatlylygy uly bolman, kaskad görnüşinde dag derýalarynda ýerleşýär.

Ýaponiýa daşary yurtlaryň çägine maýa goýmakda dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýär. Ýaponiýanyň 2013-nji ýylda daşary ýurtlara goýan maýa goýumynyň möçberi 136 milliard dollardan hem gowrak bolupdyr. Toýota Motor Co., Honda Motor Co. Ltd, Nissan Motor Co., Mitsubishi Motor Co., Sony Co., Itochu Co. ýaly ýapon kompaniýalary bolsa dünýäde uly abraýa eýe bolan transmilli kompaniýalardyr.

Ýaponiýa bilime we ylmy gözleglere örän ýokary ähmiýet berýän ýurtdur. Ylmy gözleg gaznasy boýunça bu ýurt dünýäde üçünji orunda durýar. Bu ýagdaý ýurduň hyzmatlar toplumynyň ýokary derejede ösmegine giňden ýardam etdi. Häzir ýurtda hyzmatlar toplumynyň bank, ätiýaçlandyryş, gozgalmaýan emlägiň söwdasy, ulag we aragatnaşyk, gurluşyk görnüşleri has ösendir.

Ýaponiýa ýokary tehnologiýalaryň hem mekany hasaplanýar, ol çylşyrymly, ylymsiňňitli, öňdebaryjy tehnologiýalaryň käbir ugurlarynda ýokary tehniki kämillik derejesine ýetmegi başardy. Ol gämi, awtomobil gurluşygy, optiki süýümler, optoelektronika, elektronika, ýarymgeçirijileriň önümçiligi, optiki göterijiler, durmuş tehnikasy, polat eretmek, elektrik energiýasyny öndürmek, nebiti gaýtadan işlemek, sement, plastmassa we sintetik süýmleri öndürmek, iýmitde we biohimiýada broženiýe (turşama, ajama), metal, himiýa we tekstil tehnologiýalaryny öndürmek boýunça dünýäde iň esasy ýurtlaryň biri hasaplanýar.

Senagat kärhanalarynyň içinde Mitsubishi UHJ, Midzuho, TEPCO, Kanon, Homura, Nippon Steel, Mitsubishi Estate, Japon Airlines, Sony,

Toýota Motors Co, Honda, Mazda, Suzuki, Komatsu, Seven and I Holding ýaly, kompaniýalar dünýäde ady belli iri kompaniýalaryň hataryna girýär.

Ýaponiýanyň Toýota Lexus we beýleki awtoulag öndüriji kompaniýalarynyň çalt depginler bilen ösüşi we üstünligi Ýaponiýanyň global awtosenagat toplumynda öz aýratyn ornuny görkezýär. Soňky wagtlarda metallurgiýa güýçli özgerişe sezewar boldy, ýagny onuň durky doly abatlandy. Köp sanly könelişen zawodlaryň ýerine iňňän täze tehnika bilen abzallaşdyrylan örän uly kombinatlar guruldy. Ýaponiýada dünýäde uly domna peçleri işleýär, poladyň ¾ böleginden gowragy kislorod üflemek arkaly konwerterlerde öndürilýär. Bu pudagyň geografiýasy özgerdi. Uruşdan ön iň uly kärhanalar kömrüň çykarylýan etraplarynda Kýusýu adasynyň demirgazygynda ýerleşýärdi. Täze kombinatlar import demir magdanynyň, metal döwükleriniň we kokslaşýan kömrüň getirilýän ýerleri bolan Merkezi Honsýunyň port şäherlerinde guruldy. Import boksitlerine we beýleki çig mallara esaslanýan reňkli metallurgiýa kärhanalary hem şu ýerde döredildi.

Ýaponiýa demir magdanyny Awstraliýadan we Braziliýadan, ýangyjy bolsa Ýakyn Gündogar ýurtlaryndan satyn alýar. Osako we Tokio şäherleriniň golaýyndaky metallurgiýa zawodlarynyň uly ähmiýeti bardyr. Hokkaýdoda metallurgiýa kombinaty ýerli demir magdanyny, Kýusýu adasynyň demirgazygynda bolsa (Kitakýusýu şäheri) ýerli kömri peýdalanýar.

Ýaponiýanyň agyr senagatynyň esasy pudagy maşyn gurluşygydyr. Transport maşyn gurluşygy, stanok gurluşygy, elektrotehniki önümleriň, elekron maşynlaryň, medisina apparaturalarynyň, himiýa, dokma we azyk senagatlary üçin enjamlaryň önümçiligi ylaýta-da giňden ösendir.

Ýaponiýanyň gämi gurluşygy dürli-dürlüdir: Iokogamanyň, Osakanyň, Kobeniň, Nagasakiniň hem-de köp sanly beýleki gämi gurluşyk merkezleriniň gämi wefleriniň gämi gurmak we suwa goýbermek üçin ýörite bejerilen ýerlerinden dünýäde iňňän uly supertankerler, kuwwatly kit awlaýan gämiler, kabotaž gatnawy üçin niýetlenen kiçi gämiler suwa goýberilýär. Ikinji Jahan urşundan öň awtomobil gurluşygy ýokdy, häzir bolsa Tokionyň, Nagasakiniň, Iokogamanyň, Kobeniň, Osakanyň, Nagoýanyň, Kawasakiniň zawodlary awtomobilleri öndürmek boýunça Ýaponiýany dünýäde öňdebaryjy ýurtlaryň hataryna çykardy.

Elektron senagaty ýaly, senagatyň iň täze pudagy hem çalt ösýär. Ýapon kinokameralary, fotoapparatlary, telewizorlary dünýä bazarynda örän bellidir. Dürli ugurlar boýunça ýöriteleşdirilen maşyn gurluşyk kärhanalary Honsýu adasynyň we demirgazyk Kýusýunyň urbanizasiýalaşan zolaklaryndaky şäherlerde jemlenendir. Gämi gurluşygy uly ýük göretiji tan-

20. Sargyt № 1094.

kerleri we gury ýükleri göteriji gämileri gurmaga ýöriteleşýär. Gämi gurluşyk we gämi remont zawodlary bütin ýurt boýunça ýerleşýär, baş merkezleri uly deňiz duralgalarynda ýerleşýär (Iokogama, Nagasaki, Kobe).

Umumy maşyn-gurluşygynyň esasy kärhanalary Ýuwaş umman senagat gurluşygynyň çäginde, ýagny Tokio sebitinde-çylşyrymly stanok gurluşygy, senagat robotlary; Osako sebitinde metaly köp talap edýän enjamlar; Nogaýa etrabynda stanok gurluşygy, senagatyň beýleki pudaklary üçin enjamlary öndürijiler ýerleşýär.

Çalt ösýän himiýa senagaty hem dürli önümleri öndürýär. Ol kem-käsleýin ýerli çig maly (agaç kokslaşmasyndan galýan galyndylary we beýlekileri), köplenç bolsa başga ýurtlardan getirilýän nebiti we suwuklandyrylan gazy peýdalanýar. Organiki sintez himiýasynyň giňden ösmegi Ýaponiýanyň senagatyny çig mal bilen üpjün etmek meselesini çözmekde kömek berýär. Plastmassadan edilen detallar kem-kemden metal detallaryny çalşyrdy, sintetiki süýümler indi ýurtda öndürilen dokma süýümleriniň 9/10 bölegi bolup durýar. Himiýa zawodlary hem edil maşyn gurluşygynyň kärhanalary ýaly, Honsýunyň gündogar kenarýakasyndaky we demirgazyk Kýusýudaky port şäherlerinde jemlenip, nebiti gaýtadan işleýän hem-de metallurgiýa merkezleriniň golaýynda ýerleşýär.

Ýeňil senagatynyň esasy pudaklary bolan nah we ýüpek mata senagatlary kän bir ösmedik. Olar önüm öndürmek boýunça uruşdan öňki derejesine hem ýetip bilmeýär.

Demirgazyk Honsýunyň we Hokkaýdo adasynyň ep-esli tokaý massiwleri Ýaponiýanyň agaç işläp bejerýän senagatyny çig mal bilen kem-käsleýin üpjün edýär. Emma agaç çig malynyň köp bölegi import edilýär.

Ýaponiýanyň häzirkizaman agrar gurluşyny Ikinji Jahan urşundan soň geçirilen reforma kesgitleýär. Ol reforma iri hususyýetçileriň sürüm ýerlerini pomeşikleriň artykmaç ýerleriniň döwlet tarapyndan satyn alnyp, daýhanlara satylmagy esasynda azaltdy. Ýeri kärendesine alýanlaryň sany azaldy, hususyýetçileriň sany artdy. Emma ýer eýeleriniň 2/3 bölegine golaýynyň 1 ga-dan azrak ýer paýy bar. Emma şeýle-de bolsa reforma pomeşiklik ýer eýeçiligini ýok etdi.

Oba hojalygyna ýurtda bar bolan ýerleriň diňe 15%-i ýaramly hasaplanýar. Ýöne Ýaponiýanyň birnäçe etraplarynda ýylda 2–3 hasyl almak mümkin. Oba hojalygyna ýaramly ýerleriň meýdanynyň azlygy sebäpli Ýaponiýada uly bolmadyk çäklerde terras ýer bejermek ulgamy ulanylýar. Ýaponiýa oba hojalygynda işlenilip bejerilýän ýerleriň tutýan meýdanynyň azlygyna garamazdan, özüniň azyk önümlerine bolan isleginiň (has hem hususy önümçiligiň hasabyna) 70%-ine golaýyny üpjün edýär. Şala, gök önümlere, et önümlerine, ýagny guş etine we ýumurtga hem-de miwelere isleg

doly diýen ýaly kanagatlandyrylýar. Emma ýurt şekeri, mekgejöweni, pagtany, ýüňi import etmeli bolýar. Ýurtda oba hojalygyny goramak we goldamak boýunça subsidiýalar we paçlar hereket edýänem bolsa, bu ulgamyň üstünlikli işlemegi ýurduň dünýä boýunça hasyl almagynyň ýokary görkezijilerine eýe bolmagyna ýardam berýär.

Oba hojalygynyň ýöriteleşdirilişi boýunça Ýaponiýa beýleki ösen ýurtlardan mese-mälim tapawutlanýar. Bu ýurt ekerançylyk ýurdudyr (oba hojalyk önüminiň 70%-i) ösümlik önüminiň gymmaty boýunça maldarçylykdan iki essä golaý artýar. Ýöne şeýle-de bolsa maldarçylygyň intensiw görnüşi (ylaýta-da şäher töwereklerinde süýt berýän maldarçylyk, broýler önümçiligi) çalt ösýär.

Intensiw ösümçilik ýokary hasyllydyr. Ekin meýdany öňküligine galsa-da, soňky ýyllarda her ýylky alynýan hasyl ep-esli ýokarlandy. Oba hojalyk önümçiliginiň mehanizasiýalaşdyrylyş derejesi ýokary, ondan hem başga, ýapon senagaty tebigy şertleriň aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, ýörite maşynlar (kiçi mehanizasiýa) öndürilýär. Maşynlaryň aglabasy iri hojalyklarda jemlenendir, ownuk fermerler tarapyndan maşynlar örän az, köplenç bolsa kooperatiw başlangyçlarda satyn alynýar. Irrigasiýa giň ýaýrandyr.

Ýaponiýanyň esasy ekini şalydyr. Ekin meýdanynyň ½ böleginden köpüsine şaly ekilýär. Şaly ýurduň ähli ýerinde, köplenç suwarymly ýerlerde ösdürilip ýetişdirilýär, emma harytlyk önümiň köp bölegi Honsýu adasynyň merkezi we günorta etraplarynda öndürilýär. Honsýunyň demirgazygynda we Hokkaýdoda bugdaý, çowdary we arpa ekilýär, emma olardan alynýan hasyl ýurdy üpjün edip bilmeýär. Şäher eteklerindäki zolakda gök ekinler we miweli baglar ekilýär. Tehniki ekinleriň – gant şugundyrynyň, soýanyň, temmäkiniň, ýag berýän ekinleriň, çaýyň hem uly ähmiýeti bar.

Ýaponlar gadym zamanlardan bäri gülçülik bilen meşgullanýarlar. Ýaponlaryň dininde (sintoizmde) köp sanly gülleriň ritual ähmiýeti bar. Olaryň durmuşynda ussatlyk bilen çemen bogmak we wazalarda agaçlaryň güllerini hem-de şahalaryny ýerbe-ýer goýmak däbi giňden ýaýrandyr. Ýaponiýa Ikinji Jahan urşuna çenli özüniň ýüpekçiligi bilen bellidi. Indi bu pudak pese düşdi, oňa köplenç ekerançylygyň goşmaça pudagy hökmünde seredilýär.

Balykçylyk ýapon hojalygynyň möhüm pudagydyr. Balygy kenarýakalaryndaky suwlarda we uzak deňizlerde tutýarlar. Deňiz ýakasyndaky obalaryň ilaty kenar ýakasyndaky suwlardan balyk tutýarlar, tehniki taýdan kämilleşdirilen balyk tutulýan floty bolan iri monopoliýalar uzak deňizlerden (köplenç Ýuwaş ummanyň günbatar böleginden) balyk tutýarlar. Içerki deňizleriň kenar ýakasyndaky zonalarda balykçylyk hojalyklary ýerleşýär. Ýaponiýa balyk tutmak boýunça dünýäde ilkinjileriň hatarynda durýar. Balyk we

deňiz önümleri, ýaponlaryň iýmit tagamlary görnükli orun eýeleýär.

Ýaponiýanyň oba hojalygynda ykdysady taýdan işjeň ilatyň 3%-i iş bilen meşgul, ýurduň jemi içerki önüminde onuň paýy 2% töweregidir.

Soňky döwürde ýaponlaryň iýmite bolan islegi örän ýokarlandy.

Belli bolşy ýaly, ýaponlaryň oba hojalyga degişli ýerleri örän çäklidir. Ýaponlaryň iýmite bolan isleginiň ýokarlanmagy bilen ýokarda agzalan önümleriň importynyň düzümindäki paýy köpelýär we netijede iýmit önümleri bilen üpjünçilik peselýär. Ýurduň oba, tokaý we balyk hojalyk ministrligi 2025-nji ýyla çenli iýmit önümlerine bolan üpjünçiligi 45% ýokarlandyrmagy maksat edinýär.

Ýaponiýanyň ilatynyň garramagy we azalmagy dowam edýär. Bu ýagdaýdan has hem oba ýerleri ejir çekýär. Geljekde ilaty iýmit bilen üpjün etmek üçin oba hojalygynda zähmet çekjek işgärleri taýýarlamak we ýerleri netijeli peýdalanmak boýunça meseleleri çözmek gerek.

Ýaponiýanyň baý tebigaty «biomassa» çeşmesiniň janly resurslarynyň hazynasydyr. «Biomassa» floradan we faunadan emele gelip, täzeden döremek sypatyna eýedir. Bu sypat ählumumy ýyladyş ýagdaýyynyň sebäbi bolan kömürturşy gazyň mukdarynyň köpelmezligine ýardam edýär.

Soňky wagtlarda dünýä derejesinde bioetanol we biodizel ýaly, bioýangyçlary ulanmak ornaşdyrylýar. Ýaponiýada agaçlaryň esasynda milli bioýangyjyň önümçiligi giňeldilýär.

Azyk senagatynda, restoranlarda, dükanlarda satylmadyk, iýilmedik azyk önümleri galýar, öndürijilerde önümler öndürilende we gaplananda galyndylar galýar, azyk önümleriniň uly göwrümi zyňylýar. Häzirki wagt ýurduň azyk senagatynda hili pes önümleriň önümçiligini peseltmek boýunça işler alnyp barylýar.

Ýurduň oba, tokaý we balyk hojalyk ministrligi jana howpsuz iýmitler bilen durnukly üpjün etmekden başlap, şaly meýdanlaryna we bakjalara, tokaýlara seretmek, deňiz giňişligini goramak, şeýle-de oba we balyk hojalygyny goramak işleri bilen meşgullanýar.

Ýaponiýada gury ýer hem-de deňiz ulagy deň derejede oňat ösendir. Içerki ýük daşamak işi awtomobil, demir ýol we kobataž gämileri arkaly amala aşyrylýar. Demir ýollaryň köp bölegi döwlete degişli bolup, olaryň ýarysy elektrofikasiýalaşdyrylandyr. Kenar-ýakasyndaky pesliklerden möhüm demir ýol magistrallary geçýär. Ýuwaş ummanyň ugry bilen gidýän liniýa Honsýu adasyndan Kýusýu adasyna Simonoseki bogazynyň aşagyndan gurlan tunnel boýunça geçýär. Dünýäde iň uzyn (54 km) suwasty tuneli (Sugaru bogazynyň aşagyndan geçýän) gurlup, ol Hokkaýdo bilen Honsýuny birleşdirýär.

Ýaponiýanyň esasy daşary söwda ýükleri deňiz ulagy bilen daşalýar.

Deňiz floty tonnažynyň ululygyna garamazdan, çalt ösýän daşary söwdanyň ýüklerini daşamagyň hötdesinden gelip bilmeýär. Ýurtda onlarça deňiz gämi duralgalary hereket edýär. Esasy daşary söwda deňiz duralgalaryna: Tokio aýlagynda – Iokogamany, Tibany, Kowasakini; Osaka aýlaglagynda – Osakany, Kobeni, Isenoumini aýlagynda – Nagoýany degişli etmek bolar.

Boş reýs etmezlik üçin Ýaponiýada kombinirlenen gämiler konstruirlenendir: olaryň ýörite abzallaşdyrylan palubalarynda Ýaponiýanyň eksport edýän senagat harytlary (mysal üçin, awtomobiller) daşalýar, yzyna gaýdanda bolsa gäminiň trýumine kömür, magdan ýa-da beýleki harytlar ýüklenýär. Kabotaž flotunda häzirkizaman gämiler içerki deňizde hem ep-esli ýük daşaýarlar.

2013-nji ýylda Ýaponiýada 1,217128 km asfaltlanan ýer 23 577 km demir ýol, 175 aeromenzil hasaba alyndy. Ulag ulgamynda iň iri kompaniýalary: JRG (Japan Railway Groupe), Kintetsu Corporation, Seibu Railway, Keio Corporation, All Nippon Airwais, Japan Airlines, Ýokogama we Nagoýa portlary hasaplanýar.

## 19.5. Ýaponiýanyň daşary ykdysady strategiýasy

Ýaponiýanyň durmuşynda daşary ykdysady gatnaşyklara uly ähmiýet berilýär. Ol gatnaşyklar dürli ugurlar boýunça ýüze çykýar. Şolaryň içinde söwda gatnaşyklary aýratyn orun tutýar. Ýapon eksportynyň we importynyň özboluşly aýratynlygy bar. Eger-de onuň importynda tebigy resurslar esasy orun tutýan bolsa, eksportynda taýýar önümleriň paýy örän uludyr.

Ýurda import edilýän esasy harytlaryň hataryna: tehnika we enjamlar, tebigy ýangyç, azyk önümleri (esasy sygyr eti), himikatlar, senagat çig maly degişlidir. Eksport edilýän harytlaryň düzümine: ulag enjamlary, maşynlar, elektroenjamlar, himikatlar, elektron senagatynyň önümleri degişlidir.

Ýaponiýanyň daşary söwdasynyň geografik düzümi barada aýdylanda, ýurduň esasy eksport hyzmatdaşlarynyň hataryna: ABŞ – 18,9%, Hytaý – 18,3%, Go.Koreýa – 7,5%, Gonkong – 5,5%, Taýland – 4,5% (2014-nji ýylyň görkezijileri) degişlidir. Ýurduň import boýunça esasy hyzmatdaşlarynyň düzümine: Hytaý – 22,3%, ABŞ – 9%, Awstraliýa – 5,9%, Saud Arabystany – 5,9%, BAE – 5,1%, Katar – 4,1%, Go.Koreýa – 4,1% (2014-nji ýylyň görkezijileri) degişlidir.

Ýaponiýa öz daşary ykdysady strategiýasynda ABŞ-a, ÝS-y ýurtlaryna, Ýakyn Gündogar ýurtlaryna esasy orun bermek bilen, sebitleýin gatnaşyklaryň wektoryny döretmäge-de uly üns berýär. Sebitleýin gatnaşyklaryň wektory Ýaponiýanyň Go.Koreýanyň we Hytaýyň ykdysadyýetiniň özara täsiriniň dinamiki ösüşi bilen kesgitlenýär. Bu üç ýurduň ykdysady ýakynlaşmasyna obýektiw faktorlar täsir edýär. Şunda olar umumy, öz häsiýeti boýunça hiç bir ýurda ýekelikde çözmek başartmaýan strategiki: halkara maliýe ulgamynyň durnuklylygyny üpjün etmek, energetika, ulag ulgamyny ösdürmek, umumy ýokanç keselleriň ýaýradylmagy bilen göreşmek, daş-töweregi gorap saklamak ýaly wezipeleri çözmeli bolýarlar.

Önümçiligiň bäsleşige ukyplylygyny elden berýän ýapon biznesi öz işini Hytaý we Go. Koreýa geçirmegi, olara ösüşiň has optimal ugurlarynda ylymsiňňitli önümçilikde, ýokary intellektual hyzmatlar sferasynda ünslerini jemlemäge mümkinçilik berdi.

Ýaponiýa bilen Go.Koreýanyň sebitleýin syýasatynyň täze tapgyry 2002-nji ýylda ikitaraplaýyn maýa goýum ylalaşygynyň baglaşylmagy bilen başlandy. Bu ylalaşyk iki ýurduň çäklerinde ýapon we koreý maýadarlaryna deňhukuklylygy üpjün edýär. Ýaponiýanyň we Go. Koreýanyň hökümetleri, şeýle-de erkin söwda boýunça ylalaşyk baglaşmak boýunça gepleşikleri hem alyp barýarlar. Ýurtlaryň gatnaşyklarynyň çuňlaşmagy Hytaýy sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyga has işjeň gatnaşmaga iterdi.

2003-nji ýylda Indoneziýanyň Bali obasynda Hytaýyň, Ýaponiýanyň we Go. Koreýa respublikasynyň ýolbaşçylary duşuşyp, 3 döwletiň ähli ugurlarda diýen ýaly, şol sanda howpsuzlyk, ykdysadyýet (has üns berilmelisi) we medeni-gumanitar sferalar boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmäge ymtylyş barada habarnama kabul etdiler. Jemi 14 sany özara maksatnamalar göz öňünde tutuldy. Hyzmatdaşlygyň monitoringini geçirmek, ýolbaşçylaryň duşuşyklaryna hödürlenýän çözgütleri taýýarlamak we olara gözegçilik etmek, şeýle-de özara maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine gözegçilik etmek boýunça ýörite komitet döredildi.

2002-nji ýylda Ýaponiýa Singapur bilen erkin söwda boýunça ylalaşyk baglaşdy. Ylalaşyga laýyklykda Ýaponiýa 6 sany go.-gd. Aziýa döwletler, şol sanda Singapur bilen birlikde bular Bruneý, Indoneziýa, Malaýziýa, Taýland, Filippinler bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary liberallaşdyrylar. 2017-nji ýyldan bolsa bu herekete sebitiň beýleki döwletleri hem goşular. Şunuň bilen birlikde Ýaponiýa ASEAN-yň agzalary bilen ikitaraplaýyn ylalaşyklary baglaşmak hukugyny özünde saklap galmagy hem meýilleşdirýär. Mysal üçin, Filippinler bilen ylalaşyk söwda ugrundan başga-da migrasion hereketini düzgünleşdirmegi hem göz öňünde tutýar.

## 19.6. Türkmen-ýapon ykdysady gatnaşyklary

Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň aprelinde ýola goýuldy. Iki döwletiň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmek maksady bilen, 1994-nji ýylda hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara topary döredildi. Iki ýurduň arasyndaky dürli ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk ýola goýuldy we olar häzirki wagtda hem dowam etdirilýär. Nebit-gaz, ulag, aragatnaşyk, saglygy goraýyş, dokma senagaty ýaly möhüm ugurlar boýunça bilelikdäki taslamalaryň birnäçesi üstünlikli durmuşa geçirildi we geçirilmegi dowam etdirilýär. Taraplaryň arasynda geçirilýän gepleşikleriň dürli görnüşlerde yzygiderli dowam etdirilmegi iki dostlukly döwletiň arasyndaky gatnaşyklaryň ýeten belent derejesini görkezýär. Galkynyş zamanasynda türkmen-ýapon hyzmatdaşlygynyň täze derejä ýetendigini bellemelidiris. 2007-nji ýylyň aprelinde Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasynda ýola goýlan diplomatik gatnaşyklaryň 15 ýyllygynyň dabaraly bellenilmegi, şeýle-de 2008-nji ýylyň iýulynda ýurdumyzda ýapon medeniýetiniň günleriniň geçirilmegi iki ýurduň arasyndaky medeni gatnaşyklaryň hem ösdürilýändigine şaýatlyk edýär.

Türkmenistan döwletimiziň «Itoçu Korporeýşn», «Komatsu» ýaly, dünýä belli kompaniýalar bilen hyzmatdaşlyk saklaýandygyny hem bellemelidiris.

Ýurdumyzda ýapon dilini öwrenmäge hem uly üns berilýär. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen 2007-nji ýylyň sentýabrynda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň gündogar diller fakultetinde ýapon dili we edebiýaty hünäri açyldy. Munuň özi bilim ulgamynda amala aşyrylýan hyzmatdaşlygyň ajaýyp netijesi bolup durýar. 2009-njy ýylyň fewralynda Ýaponiýanyň Tokio şäherinde ýerleşýän Sensýu uniwersitetiniň professorlaryndan ybarat bolan delegasiýa Aşgabatda boldy we ýurdumyzyň bilim ojaklary bilen ýakyndan tanyşdy. Ýurdumyzyň hünärmenleriniň onlarçasynyň Ýaponiýada hünär kämilleşdiriş okuwlaryny geçýändiklerini hem bellemek gerek.

Häzirki wagtda Türkmenistanda ýapon kompaniýalarynyň gatnaşmagynda umumy bahasy ABŞ-nyň 6,5 milliard dollardan geçýän, 230 milliondan gowrak iýena bolan maýa goýum taslamalarynyň 32-si hasaba alyndy.

2009-njy ýylyň dekabr aýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Ýaponiýa döwletine resmi sapary bolup geçdi. Bu saparyň netijesinde türkmen-ýapon gatnaşyklaryny täze derejä çykarmak babatda oňyn ylalaşyklar gazanyldy. Gazanylan ylalaşyklara laýyklykda geljekde, ylym, bilim babatda, medeni, parlamentara gatnaşyklar we

dürli ugurlardaky gatnaşyklar berkidiler. Gepleşikleriň jemi boýunça hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow we Ýaponiýanyň Premýer-ministri Ýukio Hatoýama Türkmenistanyň we Ýaponiýanyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary hem-de hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem ösdürmek baradaky Bilelikdäki Beýannama öz gollaryny goýdular. Şeýle hem Türkmenistanyň Daşary işler mininstrliginiň we Ýaponiýanyň Daşary işler ministrliginiň arasynda hyzmatdaşlyk baradaky Ähtnama gol çekildi.

Türkmenistanyň we Ýaponiýanyň arasynda dostlukly gatnaşyklary hem-de hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek hakynda Bilelikdäki Beýannamada ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy dürli ugurlar boýunça ösdürmek göz öňünde tutuldy. Bu resminamada: syýasy ugurda hyzmatdaşlyk etmek; «Merkezi Aziýa+ Ýaponiýa» gatnaşygynyň çäklerinde hyzmatdaşlyk etmek; Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasynda ykdysady gatnaşyklary has-da ösdürmek boýunça hyzmatdaşlyk etmek; Ösüşe resmi kömegiň (ÖRK) çäklerinde arkalaşykly hereket etmek; Medeni-gumanitar aragatnaşyklary ilerletmek; Halkara möçberinde hyzmatdaşlyk etmek ýaly ugurlarda gatnaşyklary ösdürmek göz öňünde tutuldy.

Ýaponiýa bolan resmi saparyň çäklerinde Prezidentimiziň «Itoçu», «JGC», «Mitsubishi», «Kawasaki», «Sojitz» ýaly iri ýapon kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklaryň barşynda özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmagyň anyk mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Hususan-da, hyzmatdaşlyk boýunça, şol sanda ýangyç-energetika toplumynda, ulag we aragatnaşykda, gaýtadan işleýän senagatda, lukmançylyk, dokma we beýleki pudaklarda täze tehnologiýalary we enjamlary ornaşdyrmak boýunça köpsanly tekliplere garaldy.

Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça Türkmen–Ýapon we Ýapon–Türkmen komitetleriniň bilelikdäki sekizinji mejlisi hem örän netijeli boldy. Mejlisiň jemleri boýunça resminamalaryň toplumyna gol çekildi. Olarda ykdysadyýetiň dürli sektorlarynda bilelikdäki taslamalaryň birnäçesiniň amala aşyrylmagy göz öňünde tutulýar.

Taslamalaryň agramly bölegi nebit-gaz, himiýa we energetika pudaklaryna degişlidir. Hususan-da, «Kawasaki Plant Sistems Ltd» we «Sojitz Corporation» kompaniýalaryň konsorsiumy bilen baglaşylan çarçuwaly ylalaşyk Maryda ammiak we karbamid öndürýän zawodlaryň gurluşygynyň taslamasyny taýýarlamagy göz öňünde tutýar. «Mitsubishi Heavy Industries» we «Mitsubishi Corporation» kompaniýalarynyň konsorsiumy bilen Tejende karbamid, metanol we ammiak öndürýän zawodyň gurluşygynyň taslamasy boýunça şoňa meňzeş ylalaşyk resmileşdirildi. «Türkmenhimiýa» döwlet konserni we «Sojitz Corporati-

on» Balkanabadyň golaýynda ýerleşen Jebel şäherçesinde kaustik sodany we beýleki himiýa önümlerini öndürýän zawody taslamak, onuň üçin enjamlary getirmek we tehniki-konsultasion hyzmatlar boýunça çarçuwaly ylalaşyga gol çekdiler.

Bulardan başga-da «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen «Asahi Kasei Chemicals Corporation» kompaniýasynyň arasynda lisenzion ylalaşyga, «Türkemngaz» döwlet konserni bilen «JGS Corporation» we «Itochu Corporation» kompaniýalarynyň arasynda tebigy gazy netijeli gaýtadan işlemek boýunça lisenzion ylalaşyga gol çekildi.

Bilelikdäki mejlisde taraplar ekspertleriň derejesindäki bilelikdäki iş toparyny döretmek barada hem ylalaşdylar, ol nebit-gaz, önümleri gaýtadan işleýän we himiýa pudaklarynda hyzmatdaşlygyň esasy ugurlaryny kesgitlär, munuň özi bolsa ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki komitetler üçin täze anyk teklipleri taýýarlamagyň esasy bolar.

Ulag we aragatnaşyk babatda Türkmenistanda «Komatsu» serwis merkezleriniň ulgamyny giňeltmäge, iri ýapon kompaniýalaryndan ulag tehnikasyny, şol sanda Ýewro–3 we Ýewro–4 standartlaryna laýyk gelýän şäherara awtobuslary, ýük we ýeňil awtomaşynlary, şeýle hem jemgyýetçilik ulagynda nagt däl hasaplaşyklary guramak üçin enjamlary we kärhanalaryň hem-de ulag serişdeleriniň arasyndaky aragatnaşyk ulgamlaryny satyn almaga degişli meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Mundan başga-da ýapon biznesmenlerine Türkmenistanda awtomobil aýnalaryny öndürýän zawody gurmak hakyndaky täjirçilik teklibini taýýarlamak teklip edildi.

Türkmenistan üçin gurluşyk ýaly ileri tutulýan ugurda özara gatnaşyklaryň ugurlary bellenildi. Şu jähtden bilelikdäki mejlise gatnaşyjylar ýapon kompaniýalarynyň häzirkizaman ýaşaýyş jaýlarynyň, durmuş-medeni maksatly desgalaryň gurluşygyna, pudaklarda täze tehnologiýalary, gurluşyk materiallary, enjamlary ornaşdyrmaga gatnaşmak mümkinçiligine garadylar. Seýsmiki durnukly gurluşyga degişli meselelere aýratyn üns berildi.

Türkmenistanyň dokma senagatynda uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin giň mümkinçilikler bar. Onuň kärhanalarynda eýýäm öňdebaryjy ýapon önüm öndürijileriniň tehnologiki enjamlary ulanylýar. Şondan ugur alnyp, ýurtda «Tsudakoma», «Juki», «Brother», «Muratec», «Howa» ýaly iri kompaniýalardan ätiýaçlyk şaýlaryny alyp satýan ýöriteleşdirilen hyzmat ediş merkezini açmak maksada laýyk bolup durýar. Ýaponiýanyň bazarlarynda Türkmenistanda öndürilýän dokma senagatynyň önümleri, şeýle hem ýapon harytlaryny türkmen bazarynda ýerlemek baradaky teklipler hem has ýakyn gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna ýardam eder.

Saglygy goraýyş we lukmançylyk ulgamynda Türkmenistanyň eda-

ralarynda täze tehnologiýalary we medisina tehnikasyny ornaşdyrmak babatda «Toshiba», «Pentax», «Olimpus», «Aloka» kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygyň dürli ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.

Türkmenistanyň dürli pudaklary üçin işgärleri taýýarlamak babatda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň uly maksatnamasy göz öňünde tutuldy. Hususan-da, Ýaponiýanyň ýokary okuw mekdeplerinde nebit-gaz, himiýa, dokma senagaty, söwda, daşary ykdysady gatnaşyklar we beýleki ugurlar üçin türkmen hünärmenlerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça teklipler aýdyldy.

Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň işewür toparlary tarapyndan bellenilen maýa goýum we täjirçilik taslamalarynyň amala aşyrylmagy gürrüňsiz iki ýurduň bank düzümleriniň ysnyşykly gatnaşyklary ýola goýmagyny talap eder. Türkmenistanyň daşary ykdysady döwlet banky bilen Ýaponiýanyň halkara hyzmatdaşlyk bankynyň arasynda gol çekilen Hyzmatdaşlyk hakynda ylalaşyk muňa ýardam eder. Iki ýurduň bankirleri Ýaponiýanyň işewür toparlarynyň maliýe we karz serişdeleriniň, şol sanda türkmen ykdysadyýetiniň ileri tutulýan pudaklaryny ösdürmäge gönükdirilen maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmak üçin berilýän uzak möhletleýin ýeňillikli karzlar görnüşinde türkmen bazaryna çekilmegini maksada laýyk diýip hasapladylar.

Taraplaryň maksatlaýyn, şeýle hem köp ugurly biznes forumlary, söwda-ykdysady sergilerini we satuw sergilerini yzygiderli geçimek hakynda ylalaşygy işjeňleşdirmäge ýardam eder. Olarda iki ýurduň uzak möhletleýin ykdysady gatnaşyklarynyň ägirt uly mümkinçiliklerini mundan beýläk-de açmaga gönükdirilen täze pikirler we teklipler jemlener.

# XX BAP
# GERMANIÝANYŇ YKDYSADYÝETI

## 20.1. Germaniýanyň ykdysady ulgamynyň aýratynlyklary

Germaniýa Federatiw Respublikasy dünýä ykdysadyýetinde esasy orny eýeleýär. 2004-nji ýylda JIÖ-niň möçberi boýunça GFR diňe ABŞ-dan, Ýaponiýadan soň üçünji orny eýeleýär. Ýöne Hytaý we Hindistan ýaly

ýurtlaryň düýpli ykdysady ösüşi bilen baglanyşykly 2007-nji ýylda Germaniýa bu görkeziji boýunça dünýäniň bäşinji döwleti boldy. Häzirki wagtda Jemi içerki önüm satyn alyjylyk ukybynyň deňligi boýunça 2,833 trillion dollar ýa-da ilatyň jan başyna 34,400 dollar boldy. 2007-nji ýylda Germaniýanyň JIÖ-niň ösüşiniň 2,6% bolandygy bellärliklidir.

Jemi içerki önümi 2.7 trillion ýewrodan geçýän Germaniýa önümçiligiň umumy möçberi we senagat önümçiligi boýunça dünýäde üçünji orunda durýar. Mundan başga-da GFR eksportyň möçberleri boýunça dünýäde birinji orunda durýar. Eksport edilýän önüm bütin dünýäde «Made in Germany» markasy bilen meşhurdyr.

Gowy ösen infrastrukturanyň, zähmete bolan netijeli motiwasiýaly hünärli işçi güýjüniň netijesinde german ykdysadyýeti gülläp ösýär, maýa goýumlarynyň uly mukdaryny çekýär.

GFR-iň ykdysady ulgamynda birnäçe aýratynlyklary tapawutlandyrmak bolar.

Birinjiden, ol sosial balansyň we bazar erkinliginiň utgaşmagy bilen häsiýetlendirilýän «sosial bazar ykdysadyýeti» diýlip atlandyrylýan ýörelge boýunça guraldy. Munuň özi şahsy üstünliklere laýyklykda girdeji bilen peýdany gaýtadan paýlamak bilen birhatarda bazarda teklibiň ösüşini we differensiýasyny nazarda tutýar (diýmek, işçiler synpynyň ýokary motiwasiýasyny). Bu nusga ep-esli bazar güýçleriniň erkin hereketini nazara alýar, ýöne esasy üns durmuş üpjünçiligine berilýär. Sosial bazar ykdysadyýetiniň konsepsiýasy ilkinji gezek GFR-i uruşdan soňky dikeltmek maksady bilen 1947–1949-njy ýyllarda Lýudwig Erhard we Alfred Mýuller-Armak tarapyndan işlenip taýýarlanyldy we durmuşa geçirildi.

Bu ykdysady ulgamynyň esasy häsiýetnamalary şeýledir: ilaty iş bilen doly üpjün etmek; sosial howpsuzlyk, sosial adalatlylyk we sosial progres (sosial kömek, sosial pensiýalary we deňeşdirilýän tölegleri, subsidiýalary, dotasiýalary, girdeji salgydynyň progressiw şkalalaryny we ş.m. durmuş üpjünçiliginiň ulgamynyň, pensiýa, lukmançylyk ätiýaçlandyrmasy, işsizlik boýunça we seretmek boýunça, betbagtçylykly halatdan ätiýaçlandyrmak ulgamy arkaly; zähmet we sosial kanunçylyk arkaly) görnüşde gaýtadan paýlamak boýunça döwlet tarapyndan çäreleri geçirmek arkaly; önümçilik serişdelerine hususy eýeçilik we erkin nyrh emele getirmek; bäsleşik üçin şertleri döretmek we bäsleşigi üpjün etmek (mysal üçin, antimonopoliýa kanunçylygy, ahlaksyz bäsleşigiň garşysyna kanunlar arkaly); ykdysady ösüşiň konýukturasyny pugtalandyrmagyň aňly-düşünjeli; durnukly walýuta syýasaty (şol sanda garaşsyz emissiýa banky arkaly); daşary söwdanyň erkinligi, erkin walýuta alyş-çalyş;

Şeýlelik bilen, sosial bazar hojalygynyň nusgasy ykdysady ösüş bilen baýlygy deňölçegli paýlamagyň

ylalaşylmagydyr. Döwletiň telekeçilik işi ulgamyň merkezinde goýuldy, ol Jemgyýetde sosial şertleriň nähili-de bolsa deňölçegli paýlanylmagyny üpjün edýär. Kärdeşler arkalaşyklary bilen iş berijileriň arasynda sosial hyzmatdaşlyk ýeterlik sagdyn sosial parahatçylygy üpjün edýär. Sosial ätiýaçlandyryş ulgamlaryndaky reformalar we zähmet bazaryndaky gurluş reformalary işçi güýjüne ugurdaş çykdajylary azaltmaga we heniz Ýewrosoýuzyň beýleki ýurtlary bilen deňeşdirilende has pes ykdysady ösüşi höweslendirmäge gönükdirildi.

Ýöne soňky wagtda Germaniýa sosial bazar hojalygy ýöretmegiň öz nusgasyny durmuşa geçirmegiň netijesinde bellibir kynçylyklary başdan geçirýär. Sosial kepillikleriň ýokary derejesi nemes kompaniýalarynyň sap girdejisiniň 40%-iniň zähmet hakyna, sosial gaznalara serişde geçirmelere gitmegine getirdi. Arassa iş hakynyň 100 ýewrosyndan ortaça iş berijileriň sosial gaznalaryna serişde geçirmelerine 81 ýewro düşýär. Işsizlik boýunça kömek pullarynyň derejesi örän uludyr, munuň özi nemesleriň bir böleginiň eklençde bolmagyna ýardam edýär. Sosial kömek pullaryny degişli derejede saklamak üçin ilet we kompaniýa üçin kuwwatly fiscal pres ulanylýar. Ýurtda salgyt salmagyň derejesi 1990-njy ýyllaryň ahyrynda görlüp eşdilmedik möçberlere ýetdi, ynha eger ABŞ-da salgytlar üçin şonda paýlanylmadyk girdejiniň 32%-e golaýy geçirilen bolsa, Beýik Britaniýada – 45%, onda Germaniýada bu görkeziji – 65%-e ýetdi. Şu günki güne paýlanylmadyk girdeji üçin salgydyň möçberi GFR-de 50%-dir.

Ilatyň garramagynyň ýokary derejesi hem pensionerleriň sosial üpjünçiligine uly çykdajylar şertlendirilýär. Işsizler üçin kömek pullarynyň ýokary derejesi köplenç Jemgyýetde eklençde bolmak keýpini döredýär, diýmek işsizligiň gyşarnyksyz ýokary göterimini höweslendirýär (dürli baha bermeler boýunça 7,8–8,5%).

2000-nji ýylyň ahyrynda Germaniýa ykdysadyýetiň milli nusgasyny ösdürmegiň ýokary derejesine ýetdi, ol indi düýpli döwrebaplaşdyrmaga mätäçlik edýär.

Ikinjiden, Germaniýa ösdürmegiň ykdysady ýolunyň aýratynlygy ýurduň ykdysadyýetinde banklaryň uly roluny häsiýetlendirýän, «reýn kapitalizmi» diýlip atlandyrylýan bolup durýar. Banklar Germaniýada uly paýdarlar senagat kompaniýalary we hyzmatlar çygryndaky kompaniýalardyr, şoňa görä-de täjirçilik çözgütlerini kabul etmegiň barşyna banklaryň işjeň gatnaşmagy tötänden däldir. Şeýlelikde, Germaniýanyň ykdysadyýetindäki banklaryň pozisiýalary olaryň täjirçilige hakyky täsirini hasaba almak bilen, dünýäniň beýleki ýurtlaryna garanda has güýçli bolup durýarlar.

Üçünjiden, Germaniýanyň ykdysadyýeti üçin industrializasiýanyň ýokary derejesi häsiýetlidir. Dünýäniň köp ösen ýurtlary bilen deňeşdirilende

bu ýerde JIÖ-niň önümçiliginde örän uly paýy senagat-dünýä ykdysadyýetinde GFR-iň ýöriteleşmesiniň esasy ugruny düzýär.

Dördünjiden, taryhy taýdan şertlendirilen sebäpleriň esasynda ýurduň çäklerinde deňölçegsiz ykdysady ösüş göze ilýär. Germaniýanyň integrasiýasy we gündogar ykdysadyýetiniň döwrebaplaşdyrylmagy, wagty we uly maliýe harajatlaryny talap edýän meselesi bolup galýar. Federal hökümetiň her ýylky goýumlary bu ýerde 100 mlrd. dollara golaýdyr.

German ykdysadyýetiniň ýene bir aýratynlygy onuň eksporta gönükdirilendigi bolup durýar. Döwlet açyk bazara gyzyklanýar we soňky onýyllykda dünýä bazaryna gatnaşmagyň ep-esli giňelmegi gazanyldy. Halkara walýuta gaznasynyň maglumatlary boýunça, 1997-nji ýylda harytlaryň we hyzmatlaryň german eksporty dünýä söwdasynyň möçberlerine garanda güýçli ösdi. Hatda 2001-nji ýylda dünýä söwdasynyň möçberi 2% peselende, GFR-iň eksporty 6.7% ösdi. Ýewropa soýuzynyň ýurtlary, aýratyn-da Fransiýa (2004-nji ýylda bu ýerde 75 mlrd. ýewro möçberinde harytlar we hyzmatlar eksport edildi) we Beýik Britaniýa (61 mlrd ýewro), şeýle hem ABŞ, Hindistan, Hytaý we Gündogar Ýewropa ýurtlary ÝES-iň Gündogara giňelmegi bilen baglanyşykly Gündogar Ýewropa ýurtlary möhüm söwda hyzmatdaşlary bolup durýar.

## 20.2. Ykdysadyýetiň möhüm pudaklary

Germaniýanyň ykdysadyýetiniň esasy pudaklaryndan biri-de senagatdyr, onuň JIÖ-däki paýy 29%-i (2003-nji ýylda), jemlenen eksportda bolsa – 87%-i (2006-njy ýyl) düzýär, şeýle-de ol daşary söwdanyň motory bolup durýar. Şeýle hem oba hojalygy, energetika ösdürilýär, soňky wagtda ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklarynyň ähmiýeti üýtgedi. Hyzmatlaryň ähli çygyrlary ep-esli ýokarlandy, ol bu gün GFR-iň senagat pudagyndan ozdy. German maglumat we biotehnologiýalary, şeýle hem energiýanyň täzelenýän çeşmelerini peýdalanmak boýunça tehnologiýalar we ekologik taýdan arassa tehnologiýalar dünýäde esasy ugurlary eýeleýär.

Germaniýanyň senagaty dünýäniň taýýar önüminiň köp bazarlarynda liderligi üpjün edýär. Su aşakdakylar bäsleşige has ukyply pudaklar bolup durýar:

– Awtomobil gurluşygy;

- Elektrotehniki senagat;
- Umumy maşyn gurluşygy (stanoklary, dürli abzallary öndürmek);
- Ulag maşyn gurluşygy (wagon gurluşygy, uçar gurluşygy);
- Himiýa, dermançylyk we parfýumeriýa-kosmetiki senagaty;
- Takyk mehanika we optika;
- Gara metallurgiýa;
- Awiasiýa we kosmiki senagat;
- Maglumat we kommunikasiýa tehnikasyny öndürmek;
- Gämi gurluşygy.

Beýleki industrial günbatar ýurtlarynyň senagatyndaky ýaly german senagatyndan hem gurluş üýgetmeleri bolup geçýär. Mysal üçin, polat guýujy we dokma senagaty ýaly däbe öwrülen pudaklar soňky ýyllarda käbir halatlarda pes aýlyk haklary bolan ýurtlar tarapyndan ýerlemek we bäsleşik bazarlarynyň ondan-oňa geçmegi netijesinde öz ugurlaryny käbir halatlarda güýçli ýitirdiler we derman senagaty bilen goşulmalaryň we birikmeleriň netijesinde daşary ýurt kompaniýalarynyň eýeçiligine geçdiler. Şol bir wagtda senagat ozalkysy ýaly german ykdysadyýetiniň möhüm diregi boldy we beýleki industrial döwletler bilen, mysal üçin, Beýik Britaniýa ýa-da ABŞ bilen deňeşdirilende giň binýady bardyr: bu ýerde senagat kärhanalarynda 8 mln. adam işleýär.

Iň uly german konsernleriniň bütin dünýäde öz şahamçalary, önümçilik we ylmy-barlag kuwwatlyklary bardy. Olaryň arasynda umumy meşhur bolan Wolkswagen, Daimler awtomobil konsernleri, Baýer, BASF, Henkel Group himiki konsernleri, Siemens konglomeraty, EON we RWE energetiki konsernleri ýa-da Bosçh topary bardyr.

Soňky ýyllarda ykdysadyýetde senagatyň udel agramy görnetin gysgaldy. Uzak möhletli gurluş üýtgemeleriniň netijesinde JIÖ-de onuň paýy 1970-nji ýyl bilen 2001-nji ýyl aralygyndaky döwürde 51,7%-den 23,8%-e çenli peseldi. Şunda JIÖ-de döwlet we hususy pudak tarapyndan berilýän hyzmatlaryň çygry düýpli artdy.

**Maşyn gurluşygy.** Käbir uly günbatar german awtomobil firmalary Saksoniýada we Týuringde täze önümçilik kuwwatlyklaryny gurmaga işjeň goşuldylar. Gündogar ýerlerde günbatar german awtomobil senagatynyň maýa goýumlary takmynan 7 mlrd. marka boldy. Önümçilik giňeldilenden soň täze ýerlerde 370.000-e golaý awtomobil çykarylýar.

Awtomobil gurluşygy Germaniýanyň ykdysadyýetiniň iň möhüm pudaklaryndan biridir. Ýaponiýadan soň Federatiw Respublika dünýäde ululygy boýunça ikinji awtomobil öndürijidir. Mysal üçin, 2003-nji ýylda Germaniýa awtomobilleriň 5.5 millionyny öndürdi. 2001-nji ýylda Germaniýada taýýarlanan awtoulag serişdeleriniň

5,687 mln-dan 70%-den gowragy eksporta gitdi.

Maşyn gurluşygy ýurduň senagat pudagynyň kärhanalarynyň has köp sanylyşy diýlip hasap edilýär. Bu ýerde däp boýunça kiçi we orta kärhanalar agdyklyk edýär, olaryň 83%-i, 200 adamdan az bolan ownuk we orta kärhanalardyr. Dolanyşygyň 68%-e golaýy eksport amallary bilen baglanyşyklydyr. Netijede, Germaniýanyň paýyna maşyn gurluşygynyň jemi dünýä eksportynyň 20,4%-i düşýär.

**Himiýa senagaty.** Baryp XIX asyryň ahyrynda Germaniýa bu çygyrda dünýä lideri boldy. Uly kärhanalaryň köpüsi Reýniň we onuň akymlarynyň jülgelerinde ýerleşdi; Lýudwigshafen («BASF» konserni), ştab-jaýy «Beýer», Kýol, Wesseling, Dormagen, Marl, Gelzenkirhen, Krefeld konserniniň uly zawody bolan Liwerkuzen möhüm senagat merkezleri bolup durýar. Himiýa senagatynyň ýokary konsentrasiýalary etraplary Maýn boýundaky Frankfurt baş merkezi (Hoeçhst AG konserni), Aşaky Elbara Lýudwigshafen merkezleri bolan ýokary Reýnde (BASF konserni) baş merkezi bolan Reýn-Maýn aglomerasiýasyndan hem ýüze çykdy.

**Ýeňil senagaty.** Çakyr öndürmek Reýn jülgesinde we ondan günbatarda ösendir. Şu asyryň başyndan dowam edýän çakyry sarp etmäge bolan şowhun çakyr taýýarlamak pudagynda, onuň hil taýdan ösüşinde maýa goýumlaryna getirdi, ýurtda çakyra bolan islegi kanagatlandyrmaga çalyşýan öndürijileriň harajatlarynyň uly paýyny hem-de mukdar we hil ösüşini düzdi. Hususan-da, gyzyl çakyry öndürmek üçin üzüm agaçlaryny oturtmak üznüksiz giňelýär: 1980-nji ýyllaryň başynda munuň özi ähli meýdanyň 10%-ine golaý bolan bolsa, onda 2005-nji ýylda gyzyl çakyry öndürmek üçin üzüm agaçlarynyň paýy eýýäm azyndan 35% boldy.

2005-nji ýylda Germaniýanyň esasy çakyr eksporty bolup durýar. Risling sortly üzümi oturtmak nemes üzüm agaçlarynyň 100 000 ga-dan 20%-e golaýyny eýeleýär. German importynyň möçberi boýunça britan bazary ilkinji orny eýeleýär, ikinji orunda bolsa, ABŞ-nyň bazary eýeleýär, ol 2006-njy ýylda 100 mln. dollar möçberinde nemes çakyryny aldy. Ýaponiýanyň paýy gysgalyp başlady, şonuň bilen baglanyşykly nemes üzümdarlary bu ýurtda öz ugurlaryny dikeltmek üçin tagalla edýärler. Mysal üçin, firmalaryň biri Germaniýada Günüň dogýan ýurduna öndürilen çakyry eksport etmegiň netijesinde däbe öwrülen kosýu ýapon üzüm agajyny Germaniýada ösdürip ýetişdirmegi karar etdi.

**Elektrotehniki senagat.** Germaniýa baryp ÜIÜ asyryň ahyryndan özüni elektroniki we elektron enjamlaryny iň uly eksport ediji hökmünde görkezdi. Siemens AG, Hager, Robert, Bosçh, GmbH we ş.m. ýaly konsernler bu çygyrda halkara ykrar edilmesini aldylar. Elektroniki senagatyň esasy mer-

kezleri Mýunhen, Ştutgart, Nýurnberg, Erlangen, Maýn boýundaky Frankfurt we başgalar bolup durýarlar.

Elektrotehniki senagatyň düzüminde GFR reňkli metallaryň köp mukdaryny, poladyň ýörite sortlaryny peýdalanýan, uzak wagtlap ulanylýan durmuşy harytlary (sowadyjylar, kir ýuwulýan maşynlar, mikrotolkunly peçler, tozan sorujylar we başgalar) çykarmak bilen meşgullanýan, senagat maksatly, gymmat durýan önümleri (generatory, kabelleri, transformatorlary) öndüriji hökmünde tapawutlanýar.

GFR-de elektrotehniki senagatyň çalt ösmegi maglumat tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, atom senagatyny döretmek bilen we harby-senagat toplumynyň buýurmalary baglanyşyklydyr. Pudakda has uly TNK – «Simens». Elektrotehniki senagatda Bawariýa öňdeligi eýeleýär. Iň uly merkezler – Berlin, Mýunhen, ol ýerde «Simens» konserniniň ştab-jaýy we zawodlar topary bardyr, şeýle hem Erlangenli Nýurnberg, Maýn boýundaky Frankfurt, Ştutgart, Kýoln we başgalar. Elektrotehniki senagatdan elektron industriýa – häzirki zaman maşyn gurluşygynyň ylmy iň köp talap edýän pudagy tapawutlandy. Dürli derejeli hünär zähmet serişdeleriniň bolmagy we ylmy merkezleriň ýakynlygy önümçiligiň ýerleşmegine esasy täsir edýär.

**Metallurgiýa.** Germaniýada häzirki wagtda gara metallurgiýa indi senagatyň esasy pudagy däldir, onuň bäsleşige ukyplylygy indi dünýä ülňülerini saklap bilmeýär. Bu gün bu pudak import edilýän çig mala daýanýar, munuň özi esasy metallurgiýa merkezleriniň geografik kenarýaka ýerleşişini şertlendirýär. Gara metallurgiýanyň esasy jemlenen ýeri-Günbatar ruruň daşkömür basseýnidir, Saarbýuken we onuň töwerekleridir, Bremen, Maýn boýundaky Frankfurt, Brandenburg, Zalsgitter we Osnabrýukdyr. 90--njy ýyllaryň başynda bu ýerde çoýnuň 31.0 mln. tonnasy, poladyň 40,8 mln. tonnasy eredildi. Önümiň uly bölegi içerki bazara gönükdirildi.

1970-nji ýyllardan başlap günbatar german polat konsernleri turbalary, maşynlary we enjamlary, beýleki polat önümlerini öndürmek üçin öz poladyny çykarmaga geçirip öz täjirçilik işiniň ugruny üýtgetdiler.

Reňkli metallurgiýa, edil gara metallurgiýa ýaly ilkinji import çig malyna we özüniň hem-de reňkli metallaryň import bölegine daýanýar. Degişlilikde merkezleriň köpüsi kenarýakada ýerleşýär. Olaryň arasynda Galle, Raýnfelden, Gamburg, Ruryň senagat etraby. Gara misi eretmek tutuş Gamburgda we Lýunende arassalanan gara polady eretmek bolsa, şolarda, şeýle hem Osnabrýukda, Lýubekde, Hettştedtda jemlenendir.

**Awiakosmiki senagat.** Germaniýanyň awiakosmiki senagatynyň ýurduň ykdysadyýetinde esasy ýag-

daýy eýeleýändigine garamazdan, onuň strategik möhüm ähmiýeti bardyr. Bu pudak ýurduň tehnologik motorynyň roluny oýnaýar. Maglumat eýýamynyň ýokary tehnologiýalarynyň ähli görnüşleri diýen ýaly onda jemlenendir: elektron, robot tehnikasy, ölçeg we sazlaýjy tehnika, şeýle hem dolandyryş tehnikasy we materiallar. B çygyrdaky innowasiýalar kompýuterleriň öndürilişiniň göterilmeginde düýpli ýardam etdiler. Mundan başga-da olar beýleki köp çygyrlarda peýdalanylýar: mysal üçin, ykjam aragatnaşyk ulgamlarynda, awtomobilleriň nawigasiýa ulgamlarynda, wideo konferensiýalaryň tehniki üpjünçiliginde we başgalarda.

1990-njy ýyllaryň başynda käbir pese düşmeden soň german awiakosmiki senagaty çalt ösüp başlady. 2010--njy ýylda onuň dolanyşygy 15,3 mlrd. ýewro boldy, onda işleýän işgärleriň sany bolsa, 70 müň adam diýen ýaly boldy. 2010-njy ýylda pudagyň umumy dolanyşygynda raýat awiagurluşygyň paýy 68,3%, harby – 23,1%, kosmiki senagat – 8,6% boldy. Meşhur awiagurluşyk kompaniýalary: EADS, Eurocopter.

**Gämi gurluşygy.** Germaniýa gämi gurluşygynda esasy Ýewropa döwletlerinden biridir. Gämi gurluşygy üçin dürli maşynlary çykarmak bilen bu ýerde işçileriň 1 mln-dan gowragy meşgullanýar. Gämi gurluşygynyň garyşyk pudaklaryny göni üpjün etmeleri ýurduň kärhanalarynyň 350–400-si ýerine ýetirýärler, şunda üpjün edijileriň üçden biri Germaniýada peýdalanylýar.

2009-njy ýylda Germaniýanyň gämi gurujylary 4.4 mlrd. ýewro möçberinde jemi sygyjylygy 1.3 million brt. 84 deňiz gämisini buýrujylara tabşyrdylar, munuň özi Germaniýanyň birleşen wagtyndan bäri iň gowy netijedir. Jemi 0.6 milliondan 2.9 milliard ýewro üçin 46 gämi üçin buýurmalar alyndy. Ýagny buýurmalaryň sany 2001-nji ýylyň derejesinden pese aşak gaçdy, gurluşygyň möçberi bar bolan kuwwatlyklaryň möçberiniň ýarysyna çenli gysgaldy. Jemi buýurmalaryň portfelinde 2009-njy ýylyň 31-nji dekabryndaky ýagdaýa görä 13.3 milliard ýewro üçin jemi 3.1 million brt. 172 gäminiň buýurmalary bar.

Harby gämi gurluşygy 2009-njy ýylda durnukly satuwlara ýetdi we öz german WMS-niň buýurmalary bar bolan kuwwatlyklary doly ýüklemek ýagdaýynda däldigine görä, ýurduň gämi gurluşygy 2009-njy ýylda 1 milliard ýewro belgisine ýetip, gämi abatlamakda we konwersiýada örän gowy netijeler görkezdiler. JIÖ-de gämi gurluşygy gowy netijeler gazandy. Soňky 5 ýylyň içinde iň gowy umumy bahasy 144 million ýewro bolan 87 gämi guruldy. Derýadaky gezelenç edilýän we syýahat edilýän gämilere bolan isleg aýratyn uly boldy. Bir ýylyň içinde umumy bahasy 141 million ýewro bolan 63 gämi üçin buýurmalar alyndy. Ýurduň iň uly kuwwatly werfleri: Flensburger Schif-

fbau-Gesellschaft, Thyssen Krupp Marine Systems, Lurssen, Aker Yards Germany we Meýer Neptun Group.

**Energetika.** Germaniýa Federatiw Respublikasy iň uly ösen ýewropa döwletleri bilen bir hatarda energiýa serişdelerini esasy sarp ediji bolup durýar, ýöne geografik ýerleşişi öz çig malynyň garyplygyny we zerurlygyny şertlendirýär. Germaniýa haýsydyr bir gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň uly gorlaryna eýelik etmeýär. Bu kadadan seýrek çykmak, tutuş Merkezi-Ýewropa sebiti üçin ýaýran daşkömür (meşhur rur basseýni) hem-de goňur kömürdir. Importyň hasabyna GFR energiýa çeşmelerinde öz isleglerininiň 57.5%-e golaýyny üpjün etmäge mejburdyr. Baryp 1997-nji ýylda elektrik energiýasyny öz öndüriş möçberiniň 52%-ini daş we goňur kömür bilen üpjün etdi, 31%-ini ýadroenergiýasy, 4%-ini gidroenergiýa, 9%-i tebigy gaz we 1%-ini nebit bilen üpjün etdi. Ýöne bu göterim gatnaşygy düýpli üýtgedi, çünki has amatly energiýa sarp ediji we ekologik howpsuz ulanylyşy boýunça tebigy gaz birinji orna çykýar.

Goňur kömür german energiýa serişdeleriniň arasynda birinji orny eýeleýär. Uly gatnaşyklar Reýn welaýatynda, Günortada, Brandenburgda we Saksoniýada bardyr. Işläp taýýarlamak üçin hasap edilýän gorlar takmynan 43 mlrd. tonna diýlip hasap edilýär. 2001-nji ýylda ilkinji energiýany sarp etmekde goňur kömrüň paýy 11.2%-e golaý boldy, möhüm daşkömür basseýnleri reýn-westfal we saar sebitlerdir. Daş kömrüň gatlaklary 24 mlrd tonna çäklerinde diýlip baha berilýär. 1950-nji ýylda bu çig malyň ilkinji energiýasyny sarp etmekdäki paýy 73% boldy, 2001-nji ýylda ol 13%-e çenli aşaklady. Energiýa bilen üpjün etmekde nebitiň paýy 1970-nji ýyllarda nebit üçin bahalaryň düýpli artmagy netijesinde gysgaldy. 2001-nji ýylda ol 38,5% boldy. Şeýle-de bolsa, nebit ýurtda möhüm energiýa göteriji bolup galýar. Nebitiň 9/10-dan gowragy Alžirden, Saud Arabystanyndan, Liwiýadan we beýleki ýurtlardan import edilýär. Öz gazyp çykaryşy bary-ýogy 5 mln.tonnany düzýär. Nebiti gaýtadan işlemegiň köne merkezi – Gamburg, täzeleri bolsa içerki etraplarda – Reýn-Run, günorta-günbatarda we Bawariýada ýüze çykdy. Tebigy gaz babatda bolsa, 2001-nji ýylda onuň gorlary 342 mlrd. kub metr diýlip baha berildi. Gazyň sarp ediş paýy şol ýylda – 21,5%, üstesine-de san hemişe artýar. Germaniýa tebigy serişdeleriniň uly bölegini import edýär, üstesine-de energiýa serişdelerini esasy beriji hökmünde Russiýa Federasiýasynyň roly örän uludyr. Öz serişdeleriniň hasabyna Germaniýanyň gaza bolan islegi bary-ýogy dörtden birine ýapylyp bilner.

Çig malyň ýetmezçiliginiň we ekologik talaplary hasaba almak zerurlygy esasynda GFR energiýany tygşytlamak we rejeli peýdalanmak boýunça işjeň

hereketleri geçirýär. Muňa energiýanyň dikeldilýän çeşmeleriniň paýlanylmagyny (EDÇP) goşmak gerek, olaryň netijesinde meýilnamalara laýyklykda, uzak möhletli geljekde elektrik energiýasyndaky sarp etmeleriň bäşinji bölegi ýapylmalydyr. 2000-nji ýylda EDÇP-niň paýy bary-ýogy 2.1% boldy. 2010-njy ýyla çenli federal hökümet bu görkezijini azyndan 4.2%-e çenli artdyrmakçy. Iň kuwwatly energetiki konsernler: E.ON, RWE, EnBW Wintershall.

Hyzmat ediş çygry. 2003-nji ýylda hyzmatdaş ediş çygry Germaniýanyň JIÖ-niň 70%-i boldy.

**Oba hojalygy.** Ýurduň köp çägi oba hojalygy bilen meşgullanmak üçin peýdalanylýar. Muňa garamazdan, oba hojalygynda işe ukyply ilatyň umumy sanynyň bary-ýogy 2–3%-i meşgullanýar. Zähmetiň ýokary öndürijiligi mehanizasiýanyň, häzirkizaman agrosenagat tehnologiýalaryny ulanmagyň hasabyna gazanylýar.

Oba hojalygynyň harytlyk önüminiň 70%-e golaýyny maldarçylyk berýär. Maldarçylyk oba hojalygynyň ähli harytlyk önüminiň 2/5-den gowragyny berýär, üstesine-de esasy bölek süýde (1/4-e golaý) düşýär. Ikinji orny doňuzdarçylyk eýeleýär. Süýt we sygyr eti boýunça ýurduň öz-özüniň üpjünçiligi 100%-den geçýär. Doňuz eti boýunça 4/5-den azdyr. Broýler önümçiligi, ýumurtga, göle etini öndürmek, şeýle hem doňuzdarçylyk iň uly maldarçylyk hojalyklarynda jemlenýär, olaryň ýerleşişi tebigy faktora az baglydyr. Ýewropa soýuzynda dänäniň umumy öndürilişiniň 1/5-den gowragy, rožuň-3/4-i, owýosuň – 2/5-e golaýy, arpanyň ¼-den gowragy Germaniýa düşýär. Maldarçylyk üçin ot-iýmitleri, ayratyn-da arpany öndürmegiň uly möçberleri Germaniýada milli içki hasap edilýän piwo öndürilende peýdalanýarlar (ilatyň jan başyna sarp edilişi – ýylda 145 1-e golaý). Topragyň ýokary tebigy hasyllylygy bolan etraplarda bugdaý, arpa, mekgejöwen we gant şugundyry ösdürilip ýetişdirilýär. Has garyp topraklar, rož, owýos, kartoşka we tebigy ot-iým ekinlerini ekmek üçin peýdalanylýar.

Üzümdarçylyk bilelikde alnanda harytlyk önümi boýunça miweçilikden we gök ekerançylygyndan ýokary geçýär.

Oba hojalygy esasan ownuk maşgala fermerçiligine esaslanýar. Möwsümleýin işgärleriň zähmeti giňden ulanylýar.

**Ilatyň iş bilen üpjünçiligi.** XXI asyryň başynda Germaniýada işsizligiň ýokary derejesi we ykdysadyýetiň ösüşiniň pes görkezijileri göze ilýär. Aýratyn-da işsizlik meselesi günbatar ýerlerde ýiti durýar. Ykdysady pese gaçmagyň sebäplerini agtarmak jemgyýeti iki bölege böldi. Birleri ykdysady çökgünligiň sebäbi tölegleriň köplügi we olaryň möçberleri bolup durýar diýip hasap edýärler. Beýlekile-

ri mundan ilatyň arasynda girdejileriň ösýän tapawudyny günäkärleýärler, ol içerki islegiň peselmegine getirdi.

2005-nji ýylyň fewralynyň ahyryndaky ýagdaýa görä, resmi maglumatlara laýyklykda Germaniýanyň raýatlarynyň 5.216 mln-nyň (Germaniýanyň ilatynyň 12.6%-i) hemişelik işi ýokdy. Munuň özi 1930-njy ýyllaryň başyndan ýokary görkezijidirşonda bu häkimiýet başyna nasistleriň gelmeginiň sebäplerinden biri boldy, ýogsa şol wagt Germaniýada işsizlere sosial kömek bermegiň hiç-hili maksatnamalary hem ýokdur.

Konýukturanyň gowşamagyna garamazdan, Germaniýada iş bilen üpjünçilik rekord derejesine ýetdi. 2013-nji ýylyň üçünji çärýeginde ýurduň iş bilen üpjün bolan ýaşaýjylarynyň sany 40.5 mln. adam boldy. Germaniýada bazar ykdysadyýetiniň berkarar edilişi we industrializasiýa hakynda «Ýewropany döwrebaplaşdyrmak» kitabyndan («Germaniýa» baby) okamak bolar.

## 20.3. Türkmenistan bilen Germaniýa Federatiw Respublikasynyň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň ösüşi

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy arkaly Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigi bilen hyzmatdaşlygy has hem işjeňleşýär. 2009-njy ýylyň 3–4-nji iýunynda Türkmenistanyň hökümet topary «Ýewropa bileleşigi Türkmenistan» atly bilelikdäki komitetiň Brýussel şäherinde geçirilen onunjy mejlisine gatnaşdy.

Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigine girýän döwletler bilen netijeli hyzmatdaşlygynda Germaniýa aýratyn orun degişlidir. Germaniýa Federatiw Respublikasy dünýäniň jemi içerki önüminiň 9 göterimine golaýyny öndürýär. Bu görkeziji boýunça ol Ýewropada 1-nji, dünýäniň ösen döwletleriniň arasynda ABŞ-dan we Ýaponiýadan soň 3-nji ýerde durýar. Ine, şeýle ösen döwleti Türkmenistanyň özüne ygtybarly hyzmatdaş hökmünde saýlap almagy hem tötänden däldir. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň nygtaýşy ýaly, dünýäniň ösen ýurtlarynyň biri bolan Germaniýa Federatiw Respublikasy häzirki wagtda Türkmenistanyň söwda-ykdysady hyzmatdaşlarynyň esasylarynyň ha-

taryna girýär. 2009-njy ýylda Aşgabatda geçirilen türkmen-german biznes-forumy özara bähbitli hyzmatdaşlygyň barha üns berilýändigine şaýatlyk etdi. Oňa gatnaşmak üçin GFR-iň Ykdysadyýet we tehnologiýalar federal ministrliginiň daşary ykdysady syýasat departamentiniň direktory Kral-Ernst Brauneriň baştutanlygyndaky wekilçilikli delegasiýa Aşgabada geldi. Nemes tarapyndan iri german kompaniýalarynyň we maliýe düzümleriniň 30-dan gowragy wekilçilik etdi.

Beýik Galkynyş we täze özgertmeler eýýamynda hormatly Prezidentimiziň tagallasy netijesinde Germaniýa bilen gatnaşyklar hil taýdan täze basgançaga galdy. Nebit-gaz pudagy, medisina, dokma senagaty, oba hojalygy, azyk senagaty, aragatnaşyk we telekommunikasiýa iki ýurduň hyzmatdaşlygynda ileri tutulýan ugurlar hasaplanylýar.

Nebit-gaz pudagy türkmen-german ykdysady hyzmatdaşlygynyň esasy ileri tutulýan ugrudyr. Garaşsyzlyk ýyllarynda nemes kompaniýalary bu ugurda Türkmenistanda uly taslamalary amala aşyrmaga gatnaşdylar. «Teknip» kompaniýasy Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda ýyllyk kuwwaty 90 müň tonna bolan çalgy ýaglaryny we parafin öndürýän desgalaryň gurluşygyny amala aşyrdy. Bu kompaniýa dizel ýangyjyny suwdan arassalaýjy enjamyň taslamasyny düzdi we gurluşygyny ýerine ýetirdi. «Mannesan» kompaniýasy nebitgaz toplumynyň hajatlary üçin buraw turbalaryny getirdi. «MAN» kompaniýasy Körpejedäki basyş stansiýasyny doly gurup, ulanmaga tabşyrdy. «Siemens» we «Mannesman» kompaniýalary Günorta Gamyşlyja ýatagynyň gurnalmagyny üpjün etdiler. «Mannesman» we «Bentek GMBH» kompaniýalary Nebitje, Şatut, Demirgazyk Ekerem meýdançalarynda agtaryş işlerini amala aşyrdylar.

Ýewropada iri energetika konserni bolan «RWE AG» Türkmenistanyň ýangyç-energetika bazarynda özüniň mynasyp ornuny tapmak isleýär. 2009-njy ýylyň 16-njy aprelinde Türkmenistanyň hökümeti bilen Germaniýanyň «RWE AG» Paýdarlar jemgyýetiniň arasynda uzak möhletleýin hyzmatdaşlyk hakynda Ähtnama gol çekildi.

Hususan-da, nemes kompaniýasy degişli ugur boýunça türkmen hünärmenleriniň GFR-iň esasy ylym-bilim merkezleriniň binýadynda taýýarlanylmagyna ýardam berer. Türkmenistanyň energetika pudagy we gaz senagaty üçin tehniki nou-hauny hödürleýär. «RWE» Hazar deňziniň türkmen böleginiň ýalpaklygynda, has takygy 23-nji lisenzion blokda uglewodorod serişdelerini agtarmak we çykarmak boýunça taslama gatnaşmagy maksat edinýär.

Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiz 2008-nji ýylyň noýabrynda Germaniýa bolan resmi saparynyň ilkinji gününde türkmen-german ykdysady forumyna gatnaşdy. Milli Liderimiziň forumda nemes dilinde eden çykyşynda nemes işewürlerine ygtybarly partnýor hökmünde Türkmenistanyň ykdysady mümkinçiliklerini has jikme-jik düşündirdi.

Munuň üçin Türkmenistanda doly hukuk binýady döredilendigini, ýurtda amatly maýa goýum syýasatynyň ýöredilýändigini nygtap, hususan-da, gurluşyk industriýasy, gurluşyk materiallarynyň giň toparyny öndürmek; himiýa senagaty babatda hyzmatdaşlygy ýola goýmaga, bu pudaklara maýa goýmaga nemes işewürlerini çagyrdy. Hormatly Prezidentimiz Türkmenbaşy şäherindäki deňiz portunyň durkuny täzelemek we ony döwrebaplaşdyrmak, awtomobil ulaglary, deňiz gämi gatnawy, aragatnaşyk, awtomobil ýollaryny gurmak babatda beýleki uly taslamalara gatnaşmagy Germaniýanyň hünärmenlerine teklip etdi. Azyk we gaýtadan işleýän senagat pudaklarynda hem german işewürleri üçin hyzmatdaşlyk etmäge giň mümkinçilikleriň bardygyny ýatlatdy.

Hormatly Prezidentimiziň Germaniýa saparyndan soň nemes işewürleriniň Türkmenistana bolan gyzyklanmasynyň hasam artandygyny aýratyn nygtamak gerek. Olar Türkmenistanyň ykdysadyýetine maýa goýmak hem-de düýpli taslamalary amala aşyrmaga gatnaşmaga taýýardyklaryny mälim etdiler. Munuň şeýledigine milli ykdysadyýetimiziň esasy pudakalryny ösdürmegiň we strategiki ähmiýeti bolan birnäçe desgalaryň ýurdumyzyň hökümetiniň buýurmasy boýunça meşhur «Goetzpartners» kompaniýasy tarapyndan taýýarlanan taslamalarynyň 2009-njy ýylyň ýanwarynda Aşgabatda geçirilen tanyşdyrylyş dabarasy hem şaýatlyk etdi. Tanyşdyrylyş çäresiniň barşynda gurluşyk materiallary senagatynda, şol sanda sement, aýna, metallurgiýa senagatynda, örtük we üçek materiallaryny öndürmekde işleriň ýagdaýyna hem-de olary ösdürmegiň geljegine seljerme berildi.

Dünýä belli «Siemens» kompaniýasy türkmen bazarynda 1997-nji ýyldan bäri işjeň hereket edýär.

2009-njy ýylyň 12-nji maýynda Aşgabatda «Siemens» kompaniýasynyň «Türkmenistan üçin häzirki zaman tehnologiýalary» atly biznes-forum geçirildi. Onda häzirki wagtda bütin dünýädäki ylmy-tehniki progresiň ösüşine öz täsirini ýetiren oýlap tapyşlaryň we innowasion tehnologiýalaryň 20 müňe golaýynyň awtory bolup durýan «Siemens» kompaniýasynyň toplan tejribesi we mümkinçilikleri bilen tanyşdyryldy.

Kompaniýa geljekde Günden we ýelden energiýa almak üçin ýörite enjamlary getirmäge we gurnamaga hem gyzyklanýar. Biznes-forumyň netije-

leri boýunça taraplar Türkmenistanyň hökümeti we «Siemens AG» kompaniýasynyň arasyndaky strategiki hyzmatdaşlyk boýunça Protokola gol çekdiler.

«Siemens» kompaniýasy Aşgabat şäherinde S. A. Nyýazow adyndaky Halkara medisina merkezini, 100 orunlyk Nefrologiýa merkezini gurdy we tehniki taýdan üpjün etdi. Aşgabat, Mary, Daşoguz, Balkanabat, Türkmenabat şäherlerindäki keselleri anyklaýyş merkezlerini medisina enjamlary bilen üpjün etdi. Nemes kompaniýalary «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň gurluşygyna hem işjeň gatnaşýarlar, azyk we gaýtadan işleýän senagatlarynyň önümçilik kuwwatyny ýokarlandyrmaga özleriniň goşandyny goşýarlar. «Unionmateks» kompaniýasy Köneürgençde we Baharlyda un üweýän toplumlary hem-de däne elewatorlaryny gurdy. Geljekde bu kompaniýa Ruhabat etrabynda we Türkmenabat şäherinde göwrümi 100 müň tonnalyk elewator we ýylda 80 müň tonna un öndürýän kärhanany gurar. Göwrümi kiçiräk şeýle toplumlar Balkan welaýatynyň Serdar etrabynda, Mary welaýatynyň Mary etrabynda, Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynda hem gurlar. Dogrusy, türkmen-german hyzmatdaşlygynyň barha giňden ýaýbaňlanýan hyzmatdaşlygyna mysallaryň sanawyny näçe uzaltsaň uzaldybermeli.

Türkmenistanyň Germaniýa bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk-de has çuňlaşmagyna doly ynam etmek üçin ähli esaslar bar. Muny Aşgabatda geçirilen türkmen-german biznes forumy-da birkemsiz subut etdi. Bu ugurdaky hoş meýiller we anyk türkmen-german iş toparynyň netijeli, döwletara hyzmatdaşlygynyň pugtalandyrylmagyna gönükdirilen birinji mejlisi we onuň jemleri boýunça beýan edilen maglumatda öz aýdyň beýanyny tapdy. Hyzmatadaşlygyň taryhy tejribesi onuň geljeginiň hasam uly boljakdygyna ynam döredýär.

# XXI BAP
# FRANSIÝANYŇ YKDYSADYÝETI

## 21.1. Fransiýanyň ykdysadyýetiniň häzirki ýagdaýy

Fransiýa dünýäde ykdysady taýdan iň ösen ýurtlaryň biridir. Ol Günbatar Ýewropanyň ykdysady kuwwaty boýunça ikinji ýurdy bolup durýar. Fransiýa ozalky kolonial imperiýadyr. Koloniýalarynyň möçberi boýunça diňe Angliýadan yzda durýardy. Köp ýerleri basyp almagy Fransiýada ägirt

uly baýlygy toplamaga mümkinçilik beripdi. Ýöne şeýle uly imperiýalary basyp alan hem bolsa özüniň tutýan meýdany koloniýalaryndan onlarça esse kiçidir. Fransiýanyň jemi meýdany 551 müň km² bolup, Günbatar Ýewropada meýdany boýunça iň uly ýurtdur. Ýurduň ilaty 56,5 mln adam bolup, (2005-nji ýylyň maglumaty) onuň 90%-i fransuzlardyr.

Fransiýa döwlet gurluşy boýunça respublikadyr. Döwletiň baştutany 7 ýyllyk möhlet bilen saýlanylýan prezidentdir. Prezident senat rugsat beren ýagdaýynda 3-gezek saýlanmaga haky bar. Prezident Ministrler Kabinetini düzýär. Oňa premýer-ministr ýolbaşçylyk edýär.

Fransiýanyň tebigy taýdan geografiki ýerleşişi amatlydyr. Onuň açyk deňze göni çykalgasy bar. Şeýle hem Ýewropanyň köp döwletleri bilen gury ýer arkaly serhetleşýär. Suw ýoly arkaly Ýewropa we Afrika döwletleri bilen gatnaşyk saklamaga mümkinçiligi bardyr. Munuň özi ýurduň daşary gatnaşyklaryny ösdürmäge mümkinçilik berýär.

Ýurt özüniň ykdysady kuwwaty boýunça bütin dünýäde 5-nji orunda durýar. Ol Ýewropada bu görkeziji boýunça Germaniýadan, dünýäde ABŞ-dan, Hytaýdan we Ýaponiýadan yza galýar.

Ýurduň tebigy baýlyklary Günbatar Ýewropanyň beýleki ýurtlaryna garanyňda köpdür we dürli görnüşe eýedir. Mineral baýlyklardan iň ähmiýetlileri daşkömür, tebigy gaz, demir magdanlary, reňkli we seýrek duşýan materiallary görkezmek bolar. Şeýle hem tokaý baýlyklary gurluşykda giňden peýdalanylýar.

Fransiýanyň ykdysady merkezini üç topara bölmek bolar.

a) Demirgazyk Fransiýa,
b) Gündogar Fransiýa,
ç) Merkezi Fransiýa,

Demirgazyk Fransiýada himiýa, metaly gaýtadan işleýän we dokma senagaty ýokary derejede ösenligi bilen häsiýetlendirilýär. Şeýle hem bu merkez maşyn gurluşygyna hem ýöriteleşendir.

Gündogar Fransiýa senagatyň iň ösen ýeri hasaplanýar. Bu ýeriň senagaty 3 merkeze bölünýär.

1. Gadymy merkez diýlip atlandyrylýan toparda irki senagat önümleri öndürilýär. Olara kagyz-sellýuloza, un, deri önümleri, medisina gurallary we enjamlary degişlidir. Şeýle hem maşyn gurluşygynyň öňdebaryjy kärhanalary bolup, olar Annons şäherinde ýerleşýär.
2. Dokma senagatynyň merkezi. Ol esasan Lion we Pelýussen şäherlerinde ýerleşýär.
3. Gazyp alyjy senagatyň merkezi. Oňa esasan Sent-Etýen, Le-Krezo şäherleri girýär.

Merkezi Fransiýada senagatyň iň ösen ýeri Pariž basseýniniň töweregidir. Bu ýerde ýurduň paýtagty Pariži

we Pariž aglomerasiýasy ýerleşýär. Pariž aglomerasiýasynda ösen pudaklar bolup, awtomobil zawodlary, harby tehnikalar, elektron, hasaplaýjy maşynlar öndürilýär. Bu ýeriň kärhanalary bütin Fransiýanyň goýberýän awtoulaglarynyň 80 göterimini öndürýär. Fransiýa her ýyl ýeňil we ýük awtoulaglaryň 6 milliona golaýyny öndürýär. Ýurduň paýtagty Pariž bolsa geň-enaýy, täsin zatlara ýöriteleşmekde dünýä meşhurdyr.

Fransiýanyň oba hojalygy özüniň kuwwaty boýunça Ýewropada 1-nji, dünýä-de ABŞ-dan soň ikinji orna eýedir. Ýurduň öndürýän oba hojalyk önümleriniň her üçünjisi eksporta ugradylýar. Oba hojalyk önümleri eksport boýunça hem diňe ABŞ-dan yza galýar. Oba hojalygynyň ýöriteleşen ugry bolup, maldarçylyk, bugdaý öndürmek, gant şugundyry we üzümçilik çykyş edýär. Bularyň içinden üzümçilik uly şöhrata eýedir. Fransuz konýagy, çakyry, şampan şeraby dünýä bellidir. Şampan şerabynyň ady Şampaniýe welaýatynyň ady bilen baglanyşyklydyr.

Fransiýanyň ulag ulgamy giňden ösendir. Ýurtda gara ýollaryň, demir ýollaryň, suw we howa ulaglarynyň ähmiýeti örän uludyr.

Gara we demir ýollaryň uzynlygy boýunça Fransiýa dünýäde birinji onluga girýän ýurtlaryň biri hasaplanylýar.

Fransuz ykdysadyýetiniň esasy aýratynlyklarynyň biri hem döwletiň kiçi we orta telekeçilige berýän goldawydyr. Ykdysadyýetiň kiçi we orta telekeçiligine döwlet tarapyndan «deň ölçegli goldaw we höweslendirme» atly ýörite maksatnamanyň esasynda kömek berilýär. Bu kömegiň ähmiýeti oba hojalyk pudagyna aýratyn güýçli täsir edýär. Dürli gurakçylyk we keselçilik wagty, şeýle hem dürli kesellere garşy çäreleri döwlet öz üstüne alýar. Hut şonuň netijesinde fransuz oba hojalyk önümleri beýleki ýurtlaryň oba hojalyk önümlerine garanyňda ep-esli arzan düşýär. Döwlet tarapyndan geçirilýän şeýle çäreleriň netijesinde oba hojalyk önümleriniň bäsleşik ukyby ýokarlanýar. Ownuk we orta ululykdaky kärhanalaryň jemi sany boýunça ol «Ösen sekizligiň» düzümindäki ýurtlaryň ählisinden ýokarydyr. Fransiýada hereket edýän kärhanalaryň 95 göteriminde işçileriň sany 20-den geçmeýär. Ýurduň senagat önüminiň 2/3 bölegi 100 sany iri şereketler tarapyndan öndürilýär. Ownuk we orta telekeçiligiň sanynyň köp bolmagy hödürlemäni ýokarlandyrýar we kärhanalaryň çeýeligini artdyrýar. Fransuz kärhanalary bilen önümiň köpdürlüligi boýunça bäsleşip bilýän ýekeje döwlet hem ýok. Ýöne bu ýagdaý halkara derejesinde oňaýsyz täsirini görkezýär. Mysal üçin, dünýäniň 10 sany iň iri şereketleriniň içinde ýekejede fransuz şereketi ýok. Iri şereketleriň ownuk telekeçiligi «ýuwutmagyna» garşy kanun arkaly garşy çykylýar. Emma olaryň birleşmek meýilleri welin barha artýar. Sebäbi iri şereketleriň dünýä bazarynda bäsdeşlik ukyby has ýokarydyr.

Fransiýa nebite we gaza bolan isleginiň 60 göterime golaýyny ozalky koloniýalary bolan arap we afrika ýurtlaryndan edilýän importyň hasabyna kanagatlandyrýar. Elektrik energiýasynyň ýarysyna golaýynda ýangyç hökmünde kömür ulanylýar. Galan bölegi atom elektrik stansiýalarynyň paýyna düşýär. AES-leriň sany boýunça dünýäde iň iri döwletleriň biridir.

Fransuz senagaty, esasan, maşyn-gurluşyk, elektrotehnika, awtomobil, himiýa, awiaraketa ýaly pudaklara daýanýar. Bu pudaklarda öndürilýän önümler jemi içerki önümiň 60%-e golaýyny tutýar. Senagat önüminiň jemi möçberi «Ösen sekizlige» girýän ýurtlaryň senagat önümleriniň 10%-ine barabardyr. Ýeňil senagatynyň möçberi ýurduň jemi senagat önüminiň 30%-ine barabardyr.

Ýurduň ilatynyň bilim derejesi ýokarydyr. Ilatynyň 60 göterimden köprägi ýokary we ýörite bilimli bolup, bu görkeziji boýunça dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň hataryna girýär. Her ýyl dürli oýlap tapyşlar üçin berilýän ygtyýarnamalaryň (lisenziýalaryň) dünýä boýunça 3–4%-i fransuzlaryň paýyna düşýär. Munuň özi dünýä boýunça alanyňda ýokary görkezijidir.

Ýurduň çaga dogluşy pesdir. Has dogrusy ölýänler bilen dogulýanlaryň sany deňeçerdir. Ilatyň artyşy esasy migrasiýanyň hasabyna bolup geçýär. Esasan hem öňki koloniýalarda ýaşaýanlara islän wagty hemişelik göçüp gelmäge hukuk berilýär.

Ýurduň işjeň ilatynyň 25,8%-i senagatda, 57%-i hyzmat ediş sferasynda, 8,7%-i bolsa oba hojalygynda zähmet çekýär.

Fransuz ykdysadyýetinde halkara syýahatçylyga möhüm orun degişlidir. Ýurduň tebigatynyň gözel bolmagy, taryhy binalaryň köp bolmagy we abadançylygyň höküm sürmegi köp ýurtlaryň jahankeşdelerini özüne çekýär. Fransiýa jahankeşdeleriň ýurdudyr. Ortaça hasap bilen bu ýurda her ýylda 20 milliondan gowrak jahankeşde gelýär. Döwlet býujetiniň 60%-e golaýyny hyzmat sferasyndan gelýän girdejiler tutýar.

Fransiýanyň ykdysadyýetinde iň agyr geçen ýyllar geçen asyryň 90-njy we täze müňýyllygyň birinji onýyllygy hasaplanýar.

Fransiýanyň ykdysadyýetine 2008-nji ýylda ýüze çykan bütindünýä maliýe-ykdysady çökgünligi agyr täsir etdi. Berilýän maglumatlara görä jemi içerki önüm 30–35 göterim pese gaçdy. Çökgünlik aýratynam eksport pudaklaryna has ýiti täsirini ýetirdi. Eksportyň azalmagy bilen döwlet býujetiniň möçberi hem pese gaçdy. Ýurtda işsizligiň derejesi barha ýokarlanýar. Döwlet sosial maksatly goýberýän serişdelerini barha azaltmaga mejbur bolýar. Mysal üçin, pensiýa ýaşynyň ýetmişe ýetirilmegi ilatda örän uly nägilelikler döredýär. Bilermenleriň pikirine görä, fransuz ykdysadyýetiniň çökgünlikden öňki ýagdaýyna barmak üçin pesinden 3–4 ýylyň gerekdigini belleýärler.

## 21. 2. Fransiýanyň dünýä hojalygynda we Ýewropa Soýuzyndaky tutýan orny

Häzirki wagtda dünýäniň ösen ýurtlarynyň daşary gatnaşyklarynyň agramly bölegini Trans Milli Kompaniýalar (TMK) tarapyndan amala aşyrylýar. Bu ýagdaý Fransiýa üçin hem mahsus ýagdaýdyr. Fransiýanyň ykdysadyýetiniň senagatynda TMK-ra we iri maliýe toparlaryna uly orun degişlidir.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Fransiýanyň TMK-lary dünýäniň iri TMK-nyň birinji onlugyna girip bilýäni ýok. Onuň hem sebäbi bu ýurtda ownuk we orta telekeçilik giňden ösendir.

Fransiýa Ýewropa Soýuzynyň we dünýäniň iri kapital çykaryjy ýurdudyr. Kapital eksport etmek boýunça dünýäde görnükli orun degişlidir. Häzirki wagtda dünýäniň 50 sany iri banky bar. Olaryň iň kiçisiniň maýasy 50 milliard dollardan hem artykdyr. Şol 50 sany iň iri banklaryň 4-si fransuz banklarydyr. Ol banklaryň atlary şu aşakdakylardyr. Pariž milli banky, Lion karz banky, Baş jemgyýet banky, Oba hojalyk karz banky. Häzirki wagtda Fransiýa iri kapital çykaryjy we kapitaly iri import ediji ýurt bolup durýar.

Halkara söwdasynyň barha globallaşmagy, halkara bäsleşigiň ýitileşmegi ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklaryny mundan beýläk ösdürmegiň köptaraply meselelerini döredýär. Fransiýa häzirki wagtda Ýewropa Soýuzynyň iri ýurtlary, şeýle hem Ýaponiýa we ABŞ bilen özüniň bäsdeşligini saklamaga çalyşýar. Ýewropa Soýuzynyň döredilmegi netijesinde onuň düzümine girýän ýurtlar bilen arasyndaky ykdysady gatnaşyklary bir tarapdan has ýeňilleşdi. Beýleki tarapdan bolsa oňaýsyz täsiri ýüze çykyp başlady. Bu täsir gümrük paçlary bilen baglanyşyklydyr. Oňaýly tarapy oba hojalyk önümleri bilen baglanyşyklydyr. Bu ýurtda oba hojalyk önümleri beýleki Ýewropa ýurtlaryna garanyňda ep-esli arzan düşýänligi sebäpli, beýleki bazarlarda arkaýyn bäsleşip bilýär. Meselem, Ýewropa Soýuzynyň beýleki ösen ýurdy bolan Germaniýanyň bazarlarynda fransuz oba hojalyk önümleri bäsleşige has ukyplydyr. Ýöne garşylykly taraplary hem bar. Mysal üçin, Germaniýanyň awtoulaglary fransuz awtoulaglaryna garanyňda hili has ýokarydyr. Munuň özi Fransiýanyň awtomobil gurluşyk pudagyna uly zarba urýar. Şol bir wagtyň özünde ýurduň daşary ýurda çykarýan maýasyna hem täsirini ýetirýär. Sebäbi fransuz öndürijileri önümleriň hil tarapyna köp

maýa goýmaga mejbur bolýarlar. Bu bolsa ýurduň «ikinji ykdysadyýetine» uly zarba urýar. «Ikinji ykdysadyýet» diýen düşünje, ýurduň daşyna çykarýan maýasyndan gelýän girdejilere düşünilýär. Ýewropa Soýuzyna girmegi bilen, Fransiýa daşary ýurtlara çykarýan maýasynyň bir bölegini öz içine gönükdirmeli bolýar. Şeýle ýagdaý amerikan we ýapon kapitaly üçin amatlylyk döredýär. Sebäbi olar fransuz maýasynyň agdyklyk edýän ýurtlarynda has işjeňleşip başlady. Munuň özi fransuz tarapyna öz güýjüni has tijemegine iterýär.

Soňky ýyllarda fransuz kapitalynyň häsiýeti üýtgedi. Geçen asyryň 90-njy ýyllaryna çenli fransuz kapitaly süýthorçylykly häsiýete eýedi. Munuň özi fransuz maýasyndan gaça durulmagyna getirýärdi. Indi ol öz häsiýetini üýtgetdi. Ýagny, bu ýurt ynsanperwerlikli maýany çykaryp başlady. Munuň özi daşary ýurtlardaky maýa goýum göreşinde fransuz tarapyna artykmaçlyk berip başlady.

Ýurduň mineral çig mallaryna bolan isleginiň agramly böleginiň daşyndan getirilmegi kynçylyk döredýär. Nebitiň we gazyň bahasynyň ýokary galmagy hem munuň üstesinedir. Şeýle hem öňki nebiti import edýän kolonial ýurtlary öz içinden fransuz nebit kompaniýalaryny çykaryp başladylar. Bu ýurtlara Latyn amerikan, arap we afrika döwletleri degişlidir. Bu ýurtlardan fransuz kompaniýalarynyň çykarylmagy ýa-da olaryň millileşdirilmegi ýurda nebitiň we gazyň arzan bahadan bökdençsiz akyp durmagyna böwet bolýar. Bu ýagdaý döwlet býujetine hem täsirini ýetirýär. Aýratynam nebit kompaniýalarynyň nebitden gelýän peýdasyndan alynýan salgytlar azalýar.

Daşyndan satyn alynýan uglewodorod serişdeleriniň bahasynyň ýokarlanmagy kynçylyklara getirýän hem bolsa, Fransiýanyň bu ugurda dünýäniň beýleki ösen döwletlerinden tapawutly artykmaçlyklary hem bar. Ol artykmaçlyk elektrik energiýasyny öndürmek bilen baglanyşyklydyr. Ýagny, Fransiýada elektrik energiýasynyň agramly bölegi atom elektrik stansiýalarynda we kömür bilen işleýän stansiýalarda alynýar. Emma dünýäniň ösen döwletlerinde esasan gaz turbinalaryna geçilipdi. Dünýäde gazyň bahasynyň birden ýokary galmagy gaz turbinalaryndan sowaşmagyna getirdi. Mysal üçin, Fransiýanyň bu ugurdaky bäsdeşi ABŞ-nyň kompaniýasy bolan «Jeneral motors» we Italiýanyň «Inter» kompaniýalaryny öz önümçiligini tutuşlygyna diýen ýaly gaz turbina enjamlaryny öndürmäge ýöriteleşdiripdir. «Jeneral motors» öz önümçiliginiň 90-göterimini, Italiýa 75-göterimini

gaz turbinasyny öndürmäge geçirip-dir. Emma Fransiýanyň energetika balansynda kömrüň uly orny bar. Soňky wagtlarda nebitiň we gazyň bahasynyň ýokarlanyp başlamagy bilen, elektrik energiýasyny almakda gaza bolan isleg pese gaçyp başlady. Ösen döwletleriň köpüsinde gaz turbinasyny ýene--de kömür bilen işleýän stansiýalara öwrüp başladylar. Fransiýada bolsa önümçiligi üýtgetmäge hiç-hili zerurlyk ýok. Galyberse-de kömür öz içinde gazylyp alynýanlygy üçin elektrik energiýasynyň özüne düşýän bahasy Ýewropa Soýuzynyň beýleki ýurtlaryna garanyňda ep-esli arzandyr.

Fransiýanyň daşary ykdysady syýasatynda bäsdeşlerine garanyňda has artykmaçlyk berýän taraplaryny bellemeli. Bu ýurt özüniň bäsdeşleri bolan Angliýa we ABŞ-a garanyňda hoşniýetli daşary gatnaşyklary alyp barýar. Ýagny, Fransiýanyň daşary syýasatynda zor salmak, ykdysady gysyş görkezmek, harby howp salmak ýaly mejbur ediji çäreleri az ulanýar. Bu ýagdaý bolsa öz gezeginde fransuz tarapy bilen hyzmatdaşlyk etmek isleýänleriň sanynyň artmagyna getirýär. Mysal üçin, Fransiýa dünýäniň iri ýurtlary bolan Russiýanyň, Hytaýyň, Hindistanyň, Braziliýanyň ykdysadyýetine maýa goýmak boýunça beýleki ösen döwletler bilen arkaýyn bäsleşýär. Häzirki wagtda bu ýurtlarda fransuz maýasy beýleki ösen sekizligiň ýurtlaryna garanyňda möçberi boýunça has ýokarydyr. Umuman alanyňda, Fransiýanyň daşary ykdysady gatnaşyklaryny aşakdaky ýaly topara bölmek bolar.

1. Ýewropa Soýuzy bilen hyzmatdaşlyk,
2. ABŞ we Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlyk,
3. Ozalky koloniýasy bolan ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk,
4. Beýleki ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk.

Fransiýanyň ABŞ we Ýaponiýa bilen daşary söwdasy oňaýly däldir. ABŞ-dan we Ýaponiýadan getirilýän önümler ol ýurtlara satylýan harytlardan agdykdyr. Ýewronyň dolanyşyga girizilmezden öň Fransiýanyň walýuta ýetmezçiligine getirýän esasy meseleleriň biri hem hut şu oňaýsyz söwda bolup durýardy. Häzirki wagtda hem bu ýetmezçiligiň öňüni alyp bolanok. Sebäbi Fransiýa bu ýurtlardan ýokary tehnologiýaly taýyn önümleri satyn alýar. Ýokary tehnologiýaly şeýle harytlar Ýewropa Soýuzynyň beýleki ýurtlarynda hem öndürilmeýär. Şonuň üçin ABŞ we Ýaponiýa bilen deňeçer söwda gatnaşyklaryny alyp barmak entekler başa baranok.

Umuman alanyňda, Fransiýanyň daşary söwdasy oňaýlydyr. Onuň eksportynyň 3/4 bölegi taýyn önümler, 1/4 bölegi dürli hyzmatlardan ybaratdyr. Ýurduň importynyň agramly bölegini çig mallar, ýarym fabrikatlar we taýyn önümler tutýar.

Fransiýanyň Ýewropa Soýuzynyň ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy örän giňdir. Bu ýurtlar bilen söwdanyň, kapitalyň, işçi güýjüniň hereketini has hem ýokarlandyrmak göz öňünde tutulýar. Ýewropa Soýuzynyň barha giňelmegi fransuz tarapynyň bu ýurtlara eksportyny ýokarlandyrmaga mümkinçiligi artýar.

Fransiýanyň öňki kolonial ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy aýratyn ähmiýete eýedir. Munuň hem sebäbi bu ýurtlara edýän eksportynyň düzümi tutuşlaýyn taýyn harytlardyr. Bu ýurtlardan bolsa arzan bahadan çig mallar satyn alynýar. Şonuň üçin bu ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk iki ugur boýunça alnyp barylýar.

1. Termondizm.
2. Antitermondizm.

Termondizm ýörelgesine laýyklykda öňki kolonial ýurtlaryň ösüşini bökdemek we şol bir wagtyň özünde birek-biregiň öwezini dolmak ýaly ýörelgä esaslanýar. Bu ýörelgäniň düýp mazmuny bu ýurtlardan arzan çig mal almak we bu ýurtlara taýyn önümi satmakdan ybaratdyr.

Antitermondizm – bu ugruň esasy maksady ozalky kolonial ýurtlar güýçli ykdysady we syýasy garşylyk görkezen ýagdaýynda olara eglişik etmekden ybaratdyr. Şonuň üçin Fransiýa ozalky koloniýalary bilen örän ýygjam aragatnaşyk saklaýar.

Ýurduň daşary gatnaşyklarynda geçen asyryň ahyrlarynda garaşsyz bolan döwletler uly ähmiýete eýe bolup durýar. Bu ýurtda fransuz harytlaryna we hyzmatlaryna bolan isleg örän ýokarydyr.

Fransiýa dünýä söwdasynda ähmiýetli orun tutýar. Onuň paýyna dünýä eksportynyň 6–6,5 göterimi düşüp, bu görkeziji boýunça dünýäde 4–5-nji orunda durýar. Ýagny, ondan öňde ABŞ, Ýaponiýa, Germaniýa we Hytaý durýar.

Fransiýanyň importynyň möçberi hem uludyr. Bu görkeziji boýunça dünýäde 3-nji orunda durýar. Fransiýada hyzmat ediş pudagy örän ösendir. Hyzmat ediş pudagynyň möçberi we eksporty boýunça Ýewropa Soýuzynda birinji, dünýäde bolsa ABŞ-dan soň ikinji orny eýeleýär.

## 21.3. Türkmen-fransuz gatnaşyklary

Fransiýa Türkmenistanyň iri hyzmatdaş ýurtlarynyň biridir. Fransiýa bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy barha giňeýär. Häzirki wagtda Fransiýa Ýewropa Soýuzyna girýän ýurtlaryň arasynda Türkmenistanyň esasy hyzmatdaşydyr.

Türkmen-fransuz gatnaşyklary ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda ýüze çykýar. Fransiýa türkmen ykdysadyýetini ösdürmekde uly işleri amala aşyrýan ýurtlaryň biridir. Ol esasan gurluşyk we gurluşyk senagaty, nebit senagaty we dokma toplumy ýaly, türkmen ykdysadyýetiniň ileri tutulýan ugurlarynda ýüze çykýar.

Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň iri gurluşyk meýdanyna öwrüldi. Ýurdumyzda gurulýan häzirkizaman ýaşaýyş jaýlary, gara ýollar we zawoddyr fabrikleriň sany barha köpelýär. Bu işleri bitirmekde fransuz şereketleri özleriniň kömegini gaýgyrmaýarlar. Şeýle şereketleriň biri hem Franiýanyň «Buig» gurluşyk şereketidir. Bu şereket häzirki wagtda ýurdumyzda döwlet ähmiýetli binalaryň onlarçasyny bina etdi. Onuň ýurdumyzda alyp barýan işleriniň gerimi barha giňeýär. «Buigden» başga hem ýurdumyzda onlarça ýurduň gurluşyk kompaniýalary hereket edýär. Ýöne bu kompaniýanyň tejribesi has ýokary diýip hasap edilýär. Şonuň üçin hökümet jaýlary we döwlet üçin has ähmiýetli bolup durýan binalar «Buig» şereketine ynanylýar. Bularyň içinde Türkmenbaşy köşgüni, Gypjakdaky Türkmenbaşynyň Ruhy metjidini, Gökdepedäki metjidi we Türkmen döwlet uniwersitetini mysal getirmek bolar. Gurluşyk işleri gurluşyk senagatynda hem ýaýbaňlanýar. Muňa mysal hökmünde Owadandepede gurlan mermer we graniti gaýtadan işleýän zawody görkezmek bolar. Bu gurlan zawodyň ýurdumyz üçin uly ähmiýeti bardyr. Häzirki wagtda ýurdumyzda ak mermerli dürli binalaryň sany has çalt artyp başlady. Şonuň üçin bu önüme bolan hyrydarlyk has artdy. Bu zawod ýurdumyzyň mermere we granite bolan isleginiň 60 göterimini üpjün eder we onuň önümçilik kuwwatyny giňeltmek göz öňünde tutulýar.

Türkmen-fransuz gatnaşyklary nebit senagatynda hem üstünlikli ösýär. Muňa mysal hökmünde «Teknip» şereketini görkezmek bolar. Bu kompaniýa Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodyny döwrebaplaşdyrmaga işjeň gatnaşýan daşary ýurt kompaniýalarynyň biridir. Ol esasan bu zawodda öndürilýän desgalary döwrebaplaşdyrýar. Sebäbi Fransiýa plastmassa we polipropilen önümlerini öndürmekde dünýäde öňdebaryjy tehnologiýa eýedir. Nebit senagatyndaky hyzmatdaşlyk Hazaryň ýalpaklygynda nebit gözlemek we çykarmak ýaly, ugurlar boýunça hem alnyp barylýar.

Türkmenistan Fransiýa dokma senagatynyň önümlerini we buýan köküni satýar. Geljekde bu harytlaryň satylyşyny has hem köpeltmek göz öňünde tutulýar.

Ikitaraplaýyn tejribe alyşmak ykdysadyýeti ösdürmekde möhüm bolup durýar. Ilkinji nobatda bu ýurduň oba hojalygynyň ýokary derejede ösendigini nazarda tutmaly. Fransuzlar bütin dünýäde oba hojalyk önümleriniň möçberi boýunça diňe ABŞ-dan yza galýar. Fransuzlaryň oba hojalygynda gazanan üstünlikleri öwrenmäge we durmuşa ornaşdyrmaga mynasypdyr. Türkmenistanda oba hojalygyny ösdürmek üçin uly tebigy mümkinçilikler bar. Munuň üstesine hem ýurdumyzyň daýhanlary we fermerleri döwlet tarapyndan uly goldaw alýar. Biziň mümkinçiligimiz Fransiýa garanyňda örän uludyr. Emma aratapawudymyz welin daş. Şonuň üçin hem Fransiýanyň oba hojalyk tejribesini öwrenip, ony durmuşymyza ornaşdyrsak, onda ýurdumyzyň iň iri pudaklarynyň biri bolan oba hojalygymyzy mundan beýläk hem ösdürmegimize mümkinçilik bolar.

Fransiýanyň ykdysadyýeti syýahatçylyk pudagynyň ýokary derejede ösenligi bilen tapawutlanýar. Has dogrusy ýurduň jemi içerki önüminde we ýurduň býujetinde bu pudagyň paýy örän uludyr. Syýahatçylyk pudagy bu ýurtda nusga alarlyk derejede guralandyr.

Häzirki wagtda ýurdumyzda fransuz maýasynyň gatnaşmagynda döredilen 17 kompaniýa, maýa goýum taslamalarynyň 68-si hasaba alyndy. Ýöne taraplaryň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmegiň mümkinçiligi has ýokarydyr. Hormatly Prezidentimiziň Fransiýa Respublikasyna bolan soňky gezekki döwlet saparynyň netijeleri ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk hem ösdürmäge mümkinçilik berer.

# XXII BAP
# BEÝIK BRITANIÝANYŇ DÜNÝÄ HOJALYGYNDAKY ORNY

## 22.1. Beýik Britaniýa umumy häsiýetnama

Beýik Britaniýa Günbatar Ýewropanyň adada ýerleşýän döwletidir. Ýurduň doly ady Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň birleşen korollygy ýa-da gysgaça Birleşen Korollyk diýlip atlandyrylýar.

Ol Ýewropanyň iri, ýadro ýaragyna eýe, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzasy, Britan imperiýasynyň mirasdüşeridir. Britaniýa dört sany taryhy prowinsiýadan (iňlisçe «countries» ýagny döwlet diýmegi) ybaratdyr. Olara Angliýa, Şotlandiýa, Uels we Demirgazyk Irlandiýa degişlidir. Prowinsiýalaryň hemmesi-de adalarda ýerleşip, olaryň içinde iň irisi Angliýadyr. Şonuň üçin bu döwlete köplenç Angliýa hem diýilýär.

Döwlet gurluşy boýunça parlamentar monarhiýadyr. Angliýa dünýäde iň gadymy konstitusion monarhiýadyr. Häzirki monarhy Ýelizaweta II bolup, ol angliçan buthanasynyň, ýaragly güýçleriň, sud ulgamynyň, ozalky Britan imperiýasynyň düzümine giren häzirki wagtda «Britan Arkalaşygy» diýip atlandyrylýan guramanyň we başga-da birnäçe ýurtlaryň we koloniýalaryň döwlet baştutanydyr. Ol ýurtlara Kanada, Täze Zelandiýa Monarh parlamentiň kabul eden kanunlaryna-da gol çekýär. Emma onuň gol çekmegi diňe simwoliki mana eýedir. Hökümetiň başlygy premýer-ministr bolup, ol hökümeti düzýär we ýurdy dolandyrýar.

Ýurduň paýtagty London dünýäniň iri şäherleriniň we möhüm maliýe-ykdysady merkezleriniň biridir.

Klimaty aram howaly bolup, ýylyň dowamynda ýagşyň örän köp ýagýanlygy bilen tapawutlanýar. Şonuň üçin oňa ümür-dumanly Angliýa hem diýilýär.

Ilaty 2008-nji ýyldaky ýagdaýyna görä 61,634 783 adama deň. Her on ýyldan ilat ýazuwy geçirilýär. Ilatynyň sany boýunça ÝS-de 2-nji, dünýäde 21-nji orna eýe. Ilaty örän gür ýerleşendir. Bir inedördül kilometre 383 adamdan düşýär. Ilat esasan iri şäherlerde ýaşaýar. Çaga dogluşyň derejesi barha pese gaçýar. Soňky ýüz ýylyň dowamynda çaga dogluşyň ýokary derejesi 1964-nji ýylda hasaba alnypdyr. Şol ýylda bir zenan maşgala 2,95 çagadan düşen bolsa, häzirki wagtda bu görkeziji 1,96 çaga deňdir. Ilatyň artyşy soňky ýyllarda esasan daşarky migrasiýanyň hasabyna bolup geçýär.

Ilatynyň 71,6%-i hristian, 2,7%-i yslam, 1%-i induizm, 0,6%-i sikhizm 0,5%-i iudaizm, 0,3%-i buddizm dinine uýýar. Ilatyň 15,5%-i dine ynanmaýar.

Ýurduň bilim ulgamy ýüz ýyllyklaryň dowamynda emele gelen we häzirki wagtda ýokary hil standartlaryna eýedir. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryna Junior Schools, uly ýaşly mekdep okuwçylaryna Senior Schools diýilýär. Ýokary bilim bermek boýunça dünýäniň öňdebaryjy merkezi hasaplanylýar. Eýýäm birnäçe onýyllyklar bäri Londonyň Oksford uniwersiteti dünýä uniwersitetleriniň reýtinginde ilkinji orny eýeläp gelýär.

Birleşen Korollygyň medeniýeti baý we köp taraplydyr. Ol köplenç dünýä medeniýetine güýçli täsir edýär.

Sebäbi Angliýa dünýäniň iri imperiýasy bolupdy. Netijede, dünýä ilatynyň 40 göterimden gowragy iňlis dilinde gürleýär ýa-da düşünişip bilýär. Iňlis medeniýeti, aýratyn-da onuň ozalky koloniýalarynda, has güýçlüdir.

## 22.2. Ykdysadyýetiniň häzirki ýagdaýy

Beýik Britaniýa JIÖ-niň möçberi boýunça dünýäde 8-nji orny eýeleýär. Senagat rewolýusiýasy ilkinji bolup Angliýada ýüze çykdy. Tehniki ösüşleriň netijesinde «dünýäniň ussahanasy» diýip at alan Britaniýa JIÖ-niň möçberi boýunça dünýä liderine öwrüldi. 1873-nji ýylda bu görkezeji boýunça ABŞ öňe geçdi. JIÖ-niň ululygy boýunça 2-nji orny Ikinji jahan urşuna çenli saklandy. Häzirki wagt boýunça 8-nji orna geçdi.

Beýik Britaniýa dünýäniň senagat taýdan ösen döwletleriniň biridir. Ýurt dünýä ykdysadyýetinde wajyp ähmiýete eýedir. DJÖ-niň 3%-i, eksport harytlarynyň 4.6%-i, importynyň 5.1%-i Angliýanyň paýyna düşýär. Soňky onýyllyklarda ýurduň dünýä önümindäki we söwdasyndaky paýy peselmek meýiline eýedir.

JIÖ-niň 2/3 bölegi hyzmat sektorynyň paýyna düşýär. Hyzmatlaryň 40%-ini işewürlik we maliýe hyzmatlary tutýar. Hyzmatlaryň umumy möçberiniň 35%-i, daşary söwdasynyň 19%-i döwletiň paýyna düşýär. Myhmanhana hyzmaty umumy hyzmatlaryň 5%-ni tutýar.

Ýurduň hyzmatlarynyň daşary söwdasy oňaýly galynda eýedir.

Maddy sektorynyň esasy pudaklary bolup maşyn gurluşygy, ýangyç-energetika toplumy, himiýa, gämi, uçar, pribor, stanok gurluşygy çykyş edýär.

Ýurt dünýäniň maliýe bazarynda esasy orun tutýar. Dünýä obligasiýalarynyň 3/5 bölegi (1-nji orun), daşary ýurt aktiwleriniň 2/5 bölegi (1-nji orun), deriwatiwler (1-nji orun), walýuta amallary boýunça (2-nji orun) dünýäde öňdäki orunlary eýeleýär. Awiýa ätiýaçlandyryş boýunça 1-nji orun, deňiz ätiýaçlandyryşy boýunça 2-nji orny eýeleýär. Ýurduň paýtagty London dünýäniň gurply adamlarynyň köp göçüp gelýän merkezidir. Beýik Britaniýada dünýäniň iri haryt we birža fondlary ýerleşýär. Olara Londonyň fond biržasy, Londonyň metal biržasy, halkara nebit biržasy degişlidir.

Hökümet ykdysadyýeti sazlaşdyrmaga bölekleýin gatnaşýar. Ykdysadyýete ýerli we daşary ýurt hususy maýasynyň jemlenmegi häsiýetlidir. Ýurduň JIÖ-niň 75%-i daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagynda ýa-da gö-

zegçiliginde öndürilýär. Munuň özi ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklarynda liberal syýasaty ýöredýändigini görkezýär.

Döwletiň ykdysadyýeti dolandyrmakdaky esasy işi aşakdakylardan ybarat.

- kiçi we orta telekeçiligi goldamak;
- halkara bäsleşigini ýokarlandyrmak üçin kompaniýalara ýeňillikli karz bermek;
- iş ýerini ýitiren adamlara kömek bermek;
- 18–24 ýaş aralygyndaky adamlary iş bilen üpjün etmek we ş.m.

Beýik Britaniýanyň ilaty sosial taýdan ýokary goraglylygy bilen tapawutlanýar. 2001–2007-nji ýyllar aralygynda ortaça zähmet haky 2840-dan 3220 ýewro çenli ýokarlandy. Munuň özi ÝS-de iň ýokary ortaça zähmet hakydyr. 2009-njy ýylda çökgünlik zerarly ortaça aýlyk haklary 2640 ýewro çenli pese düşdi.

Ýurduň daşary bergileriniň möçberi 8.981 trln dollar bolup, ABŞ-dan soň ikinji orny eýeleýär.

ÝS-agza ýurtlaryň biri bolsa-da ýewrony ulanmaýar. Sebäbini ýurduň ykdysadyýetinde, halkyň sosial-medeni ýagdaýyna ters täsir etjekdigi bilen düşündirilýär.

## 22.3. Senagaty

Islendik ösen ykdysadyýete laýyklykda ýurduň senagaty ýokary derejede tehniki we tehnologiki taýdan ösenligi bilen tapawutlanýar. Soňky ýyllarda senagat önüminiň ösüşi beýleki ösen döwletlere garanyňda pes görkezijilere eýedir. Bu ýagdaýy işçi güýjüniň gymmat düşýänligi bilen häsiýetlendirmek bolar. Iň ösen senagat pudaklarynyň biri nebiti gazyp almak we gaýtadan işlemekdir. Nebit Demirgazyk deňziniň britan sektoryna degişli ýerden gazylyp alynýar. Deňizde 133 sany nebit ýatakly bolup, onuň başdaky gory 2 milliard tonna nebit bar diýlip hasaplanylýar. Häzirki wagta çenli 0.7 milliard tonna nebit gazylyp alyndy. Demirgazyk deňziniň britan sektoryndan «Brent» kysymly ýeňil nebit çykarylýar. Demirgazyk deňziniň nebitli ýataklarynyň 1/3 bölegi britan sektorynyň paýyna düşýär. Her ýylda ortaça 106 million tonnadan gowrak nebit gazylyp alynýar. Onuň ýarysyndan gowragy eksport edilýär. Britaniýanyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlary agyr görnüşli nebiti işlemäge ýöriteleşendir. Şonuň üçin 50 million tonnadan gowrak nebiti im-

port edýär. Ýurtda jemi 9 sany nebiti gaýtadan işleýän zawod bolup, olaryň ýyllyk kuwwaty 90 million tonna barabardyr. Nebit we nebit önümlerine bolan islegiň bellibir bölegini importyň hasabyna kanagatlandyrýar. Nebit senagatynda öňdebaryjy kompaniýasy «Britiş Petroleumdyr». Bu kompaniýa diňe bir ýurduň çäginde däl-de, dünýäniň iň iri nebit kompaniýasydyr. Onuň ýyllyk dolanyşygy 100 milliard dollardan geçýär. «Britiş Petroleum» öz işini esasan daşary ýurtlarda alyp barýar.

**Gaz senagaty.** Demirgazyk deňziniň britan sektorynda 80 sany gazly ýataklar bolup, olaryň barlanan gorlary 2 trillion $m^3$-den gowrakdyr. Deňizden tebigy gazy almak geçen asyryň 70-nji ýyllaryndan başlady. Häzirki wagtda 37 sany ýatakdan ýylda 103 milliard $m^3$ gaz alynýar. Onuň 15 milliard $m^3$-i eksport edilýär. 8 milliard $m^3$ gazy import edýär. Tebigy gaz deňziň düýbünden geçiriji arkaly Isington we Ýorkşir etraplaryna eltilip, ol ýerden içerki paýlaýjylar arkaly sarp edijilere ýetirilýär.

**Metallurgiýa.** Metallurgiýa senagaty ýokary derejede ösenligi bilen tapawutlanýar. 1970-nji ýyllarda 30 mln. tonnadan gowrak polat öndürilýärdi. ÝS-niň kwotasy boýunça kömrüň öndürilişi ýylsaýyn pese gaçyp, häzirki wagtda 15 mln tonna çenli aşaklady.

Britaniýa polat öndürmek boýunça dünýäniň birinji 10 ýurdunyň hataryna girmeýär. Geçirilen tehniki modernizasiýa işleriniň netijesinde poladyň 75%-i kislorod-konwerter usulynda eredilýär. Polady we çoýuny eretmek boýunça dünýäde 8-nji orny eýeleýär. «Britiş stil» döwlet korporasiýasy poladyň ählisini diýen ýaly öndürýär. Ýurduň metallurgiýa senagaty amatly şertlerde ösýändir. Angliýada kömrüň ägirt uly gorlary jemlenendir. Kömrüň düzüminde demir hem bar. Demir we kömür känleri köplenç bir-birine golaý ýerleşendir. Metallurgiýa senagaty üçin zerur bolan izwestnýaklar ýurduň hemme ýerine diýen ýaly ýaýrandyr. Metallurgiýa merkezleri portlara golaý ýerleşdirilip, ol bolsa demir magdanyny äkitmegi we getirmegi ýeňilleşdirýär.

Angliýanyň reňkli metallurgiýasy Ýewropanyň iň iri önümçilikleriniň biridir. Reňkli metallurgiýa tutuşlygyna diýen ýaly importyň hasabyna işleýär. Şonuň üçin reňkli önümçiligi port şäherlerde ýerleşendir. Reňkli metallara isleg örän ýokarydyr. Reňkli metallaryň çig malyndan alýumin we nikel öndürilýär. Şeýle-de gurşun, swins, sink we mis önümçilikleri hereket edýär. Reňkli metallaryň eksporty poladyň we çoýnuň eksportyndan birnäçe esse ýokarydyr.

Beýik Britaniýa atom, uçar gurluşygy, elektronika senagatlarynda giňden ulanylýan uran, berilliý, niobiý, germaniý ýaly metallary köp eksport edijileriň biridir. Britaniýanyň reňkli metallaryny esasy satyn alyjylar ABŞ we Germaniýadyr. Şeýle hem kolo-

niýa, glin, wolfram, mis we altynyň gorlary bardyr.

**Elektrotehnika.** Ösen we ösýän pudak bolup, senagatda işleýänleriň sany boýunça 2-nji orny eýeleýär. Elektronikada «Jeneral elektrik», «Ingliş elektrik», «Assoşiýeted elektrikalikdastriz» ýaly birnäçe iri kompaniýalar agalyk edýär. Turbina we elektrik dwigatelleriniň önümçiligi has ösendir. Hasaplaýjy tehnika senagaty durnukly ösüşe eýe bolup, bu pudakda amerikan kapitaly, durmuş tehnikasynda ýapon maýasy agdyklyk edýär. Adatça, britan firmalary radioelektron enjamlar (radar, radiogeçirijiler) we aragatnaşyk serişdeleriniň önümçiliginde uly artykmaçlyklara eýedir.

**Elektrik energiýasy.** Önümçilik we sarp edijileri elektrik energiýasy bilen doly üpjün edilmegi britan ykdysadyýetiniň ýeten üstünlikleriniň biridir. Öndürilýän elektrik energiýasynyň 86%-i ýangyç elektrik stansiýalarynyň, 12%-i atom elektrik stansiýalarynyň, 2%-i gidroelektrik stansiýalarynyň paýyna düşýär. Ýangyç elektrik stansiýalarynyň köpüsi kömür bilen işleýär. Soňky ýyllarda elektrik energiýasyny öndürmekde tebigy gazyň sarp edilişi barha artýar.

**Himiýa senagaty.** Täze dörän pudaklaryň biri bolup, çalt ösüşe eýedir. Himiýa senagatynyň önümleriniň 143 bölegini organiki däl himikatlar bolan kükürt kislotasy, metal oksidleri we metal dälleri tutýar. Köp sanly himiýa önümleriniň içinde sintetiki süýümler, plastmassalaryň dürli görnüşleri, reňkleýjiler we ýuwujy serişdeler tutýar. Britan himiýasynyň çig mal bazary bolup nebit-gaz çykyş edýär. Şeýle hem derman serişdeleri, agrar himikatlar, awiýaraketa gurluşykda, mikroelektronikada ulanylýan konstruksiýa, plastmassa önümçilikleri ösendir. Himiýa önümçilikleri, esasan, nebiti gaýtadan işleýän toplumlar golaý ýerleşendir.

**Dokma senagaty.** Beýik Britaniýanyň milli pudaklarynyň biri hasaplanylýar. Ýeňil senagat, şol sanda dokma senagatyny maşyn usulyna geçirmek ilkinji bolup Angliýada ýüze çykdy we soňra dünýä ýurtlaryna ýaýrap başlady. Britan dokmaçylarynyň harytlary şu günki günde hem ýokary hili bilen dünýäde uly abraýdan peýdalanýar.

**Masyn gurluşygy.** Beýik Britaniýanyň gaýtadan işleýän senagatynyň iň iri pudagydyr. Senagatda işleýänleriň ¼, senagat önümleriniň 40%-i maşyn gurluşygynyň paýyna düşýär. Maşyn gurluşygy ýokary hilli, çylşyrymly, ylmy köp talap edýän önümleri öndürýär. Ulag öndürýän senagatynyň 1/3 bölegi amerikan senagatynyň elindedir. Ýokary klasa degişli «Rolls Roýs» awtomobilleri dünýä bellidir. Ol BMW we «Wolkswagen» kompaniýalarynyň gözegçiligindedir. «Lendrower» amerikan kapitalynyň gözegçiliginde bolup, belli ýük maşynlaryny öndürýär. Iňlis awtomobillerini köp satyn alyjylar bolup, ABŞ, Täze Zelandiýa, Eýran, GAR

çykyş edýär. Tekerli traktorlary öndürmek boýunça dünýä liderleriniň biridir.

Stanok gurluşygynyň önümçilik möçberi boýunça dünýäde 6-njy, eksporty boýunça 4-nji orny eýeleýär. Dokma senagatynda we kömür şahtalarynda ulanylýan stanoklaryň hili, öndürijiligi boýunça dünýäde 1-nji orny eýeleýär.

Uçar gurluşyk iň çalt ösýän pudaklarynyň biridir. Bu ugurda «Britiş eýrpeýs» döwlet korporasiýasy agalyk edýär. Ol uçarlary, dikuçarlary, kosmos apparatlaryny, raketalary öndürmäge ýöriteleşendir. Dikuçarlary beýleki bir iri kompaniýa bolan «Uest lenderkraft» hem öndürýär. Awia motorlar önümçiligi tutuşlygyna diýen ýaly millileşdirilen «Rolls-Roýs» kompaniýasynyň elindedir. Günbatar Ýewropa, amerikan kompaniýalarynyň raýat we harby uçar önümçilikleri bilen kooperasiýasy barha çuňlaşýar.

Angliýada gämi gurluşygy ýokary derejede ösendir. Hojalyk, dynç alyş, harby maksatly gämileriň ähli görnüşleri öndürilýär.

Gaýtadan işleýän senagatda kagyz we poligrafiýa senagaty 13,9%, azyk we temmäki önümçiligi 13,8% tutýar. Bu harytlar mysal üçin, şotland wiskisi, London jini ýurduň daşynda hem uly meşhurlyga eýedir.

## 22.4. Oba hojalygy

Beýik Britaniýa ÝS-e girýän ýurtlaryň arasynda oba hojalyk önümleriniň möçberi boýunça 6-njy orny eýeleýär. Oba hojalyk önümini onda işleýänleriň sanyna paýlanyňda her işgäre 25,7 müň ýewrodan düşýär. Oba hojalyk ýerleriniň umumy meýdany 18,5 mln. gektar bolup, ýurduň territoriýasynyň 77%-ini tutýar. Oba hojalygynda öndürilýän önümleriň bazar bahasy her ýylda ortaça bugdaý – 1.2 milliard funt-sterling (f-s), gant şugundyry – 168 million f-s, gök önümler – 986 million f-s, kartoşka – 625 million f-s, doňuz eti – 687 million f-s, goýun eti – 702 million f-s, guş eti – 1.3 million f-s, süýt – 2.5 million f-s, ýumurtga – 357 million f-s-e barabar boldy.

Angliýanyň oba hojalygy bütin dünýäde mehanizmleşdirilişi we önümçiliginiň ýokary derejesi bilen tapawutlanýar. Oba hojalygynda işjeň ilatyň 2%-i zähmet çekýär.

Oba hojalygynda maldarçylyk uly ähmiýete eýedir. Esasan, ýüň berýän goýunlar, doňuzdarçylyk, guşçulyk ösendir. Iňlis ady bilen meşhur bolan atlar ösdürilip ýetişdirilýär. Goýunlaryň ýüň berijiligi örän ýokarydyr. Ýüň matalary dünýä bazaryna köp eksport edijileriň biridir.

Oba hojalygy döwlet býujetinden uly goldaw alsa-da, ýurduň islegini doly kanagatlandyryp bilmeýär. Ösümlik ýagynyň 4/5, şekeriň 2/3, bugdaýyň, göle etiniň ¼ bölegi import edilýär. Oba hojalyk önümlerini esasan Ispaniýa, ABŞ, Kanada, Awstraliýa, Täze Zelandiýa ýaly ýurtlardan satyn alýar.

## 22.5. Iňlis modeliniň aýratynlyklary

Britan modeliniň aýratynlyklary iki faktoryň esasynda emele geldi. Olara dünýäde iň iri kolonial imperiýa bolmagy ikinjisi bazar institutlarynyň çalt ösdürilmegi degişlidir. Iňlis modeli birnäçe alamatlary boýunça amerikan modeline meňzeşdir. Ýewropa we amerikan modellerinden tapawutly tarapy telekeçilik sektorynyň emele gelmegi, onuň döwlet bilen özara hyzmatdaşlygy, ykdysadyýeti dolandyrmak, sosial üpjünçilik ugurlarynda ýüze çykýar. Britan we kontinental modeliň telekeçilikdäki aýratynlygy hususy işewürligiň guramaçylyk düzüminde, maliýeleşdirmegiň çeşmelerinde, garyşyk dolandyryşyň usullary bilen tapawutlanýar. Sosial üpjünçilik boýunça amerikan modeline garanyňda kontinental nusga has golaýdyr.

Iňlis-amerikan modelinde esasy ykdysady birlik bolup kompaniýa çykyş edýär. Kompaniýa paýdarlaryň girdejilerini ýokary derejede artdyrmak ugrunda çykyş edýär. Günbatar Ýewropada bolsa diňe bir kompaniýalar däl-de, maliýe-senagat toparlary ýa-da holdingler menejment kompaniýalaryň, daşary ýurtlardaky kontragentleriň kömegi arkaly umumy bähbidi goraýarlar. Iňlis-amerikan tejribesi işewürlikde özbaşdak, erkin netije çykarmak ýörelgesine esaslanýar. Kontinental model ilkinji nobatda sosial umumylyga daýanýar.

Iňlis-amerikan modelinde maliýeleşdirmegiň esasy çeşmesi bolup fond bazarlary çykyş edýär. Ýewropada bolsa bank karzlaşdyrmasy agalyk edýär. Şonuň üçin Britaniýa Ýewropanyň paýdarlar kapitalynyň 1/4 bölegine eýelik edýär. Iňlis-amerikan modeline paýdarlar kapitalynyň bölek-bölekligi häsiýetlidir. Kontinental modelde hususyýetçileriň jemlenmesi mahsusdyr. Britaniýada bir paýdar esasy bolup çykyş edip bilmeýär. Günbatar Ýewropada ses artykmaçlygy uly orun eýeleýär. Angliýada esasy paýdarlar bolup maliýe guramalary (şol sanda pensiýa we ätiýaçlandyryş kompaniýalary) çykyş etse, kontinental modelde iri hususyýetçiler, maşgala agzalary, beýleki kompaniýalar, döwlet çykyş edýär. Paýdarlar kapitalynyň bölekliginiň ýokarylygy Angliýa daşarky serişdeleriň yzygiderli ýokarla-

nyp durmagyna, ol serişdelere gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär.

Iňlis we amerikan kompaniýalarynda eýeçilige gözegçilik, dolandyrmak hususyýetçileriň we menejerleriň arasynda takyk paýlanylandyr. Şonuň üçin bu modelde baş menejere uly orun degişlidir. Kontinental modelde esasy karary direktorlar geňeşi tarapyndan kabul edilýär.

Iňlis modeliniň ýene-de bir aýratynlyklarynyň biri hem ykdysadyýetde we sosial ulgama döwlet goşulyşmasynyň azlygydyr. Býujet serişdeleriniň gaýtadan paýlanylmasy kontinentde iň pes görkezijä eýedir. Ol JIÖ-niň 40%-ine golaýdyr. Zähmet bazary berk gözegçilikde saklanyp, işsizligiň derejesi örän pesdir. Hünär taýýarlygy has ýokary hünärmenlere bolan isleg barha ýokarlanýar. Şeýle hünärmenleri taýýarlamak, ilkinji nobatda, ýokary okuw mekdeplerinde amala aşyrylýar. Döwlet bilen hususy işewürligiň hyzmatdaşlygy esasan syýasatda, bilimde, saglygy goraýyşda, ekologiýada, ýokary tehnologiýalary öndürmek boýunça alnyp barylýar.

# XXIII BAP
# ITALIÝANYŇ YKDYSADYÝETI

## 23.1. Italiýa umumy häsiýetnama

Ösen sekizlige girýän ýurtlaryň biri hem Italiýadyr. Resmi ady Italýan Respublikasy bolup, territoriýasynyň agramly bölegi Apennin ýarym adasynda ýerleşýär. Şeýle hem Sisiliýa, Sardiniýa ýaly iri we birnäçe ownuk adalary özüne birikdirýär. Italýan sözi gadymy grek sözünden gelip çykýar we «göleleriň ýurdy» diýmegi aňladýar. Çünki, günortada ýaşaýan italýanlar öküzi özleriniň simwoly hasaplaýarlar.

Ýewropanyň günortasynda ýerleşip, Fransiýa bilen 488 km, Şwesiýa bilen 740 km, Awstriýa bilen 430 km, Sloweniýa bilen 320 km, içerki serhet boýunça Watikan bilen 3.2 km we San-Marino bilen 39 km araçägi bardyr.

Ýurduň 80%-ini daglyklar tutýar. Ýewropanyň iň beýik nokady Monblan, hereketsiz, öçen Wezuwiý we hereket edýän Etna wulkanlary hem Italiýada ýerleşýär. Territoriýasynyň umumy meýdany 301.32 km²-dir. Paýtagty: Rim şäheri. Döwlet gurluşy parlament respublikasy bolup, döwlet baştutany prezidentdir. Hökümeti premýer-mi-

nistr dolandyrýar. Kanun çykaryjy edarasy iki palataly parlament bolup, onuň aşaky ganatyna deputatlar palatasy, ýokary palatasyna respublikanyň senaty diýilýär. Deputatlar palatasy 630, respublikanyň senaty 315 agzadan ybaratdyr. Deputatlar 5 ýyl möhlete saýlanýarlar.

Administratiw-territorial taýdan 16 sebite we 5 awtonom etraba bölünýär. Olar bolsa 110 sany prowinsiýa bölünýär. Prowinsiýalar bolsa öz gezeginde 8101 sany kommunalara bölünýär. Awtonomiýalarda «junta» diýlip atlandyrylýan ýerli hökümetler hereket edýär. Döwlet dili italýan dili bolup, ol diňe bir Ýewropanyň däl-de, dünýäniň gadymy dilleriniň biridir.

Italiýanyň ilatynyň sany 58.03 mln adam bolup, bu görkeziji boýunça Ýewropada 4-nji orunda durýar (Russiýany hasap etmäniňde). Ilatyň gürlügi ýokary bolup, 1 km²-e 192.6 adamdan düşýär. Şäher ilaty 67.4% bolup, bu görkeziji boýunça Ýewropanyň we dünýäniň öňdebaryjy döwletlerinden pesdir. Italiýada soňky on ýyllyklarda ilatyň tebigy artyşy togtady. Ölýänleriň sany dogulýanlardan 0.8% artykdyr. Ýaş düzümi boýunça ilatyň 14.3%-ini 15 ýaşa çenliler, 67.6%-ini 15-16 ýaşa çenliler, 18.1%-ini 65 ýaşdan ýokarkylar tutýar. Adam ömrüniň ortaça uzaklygy erkek adamlarda 74.1, aýallarda 80.5 ýyla deňdir. Ilatyň artyşynda migrantlara uly orun degişlidir. Italiýa Şengen ylalaşygyna giren ýurtlaryň biridir. Munuň özi Aziýadan, Demirgazyk Afrikadan, aýratyn-da Gündogar Ýewropadan migrantlaryň uly akymynyň gelmegine mümkinçilik berýär. 2009-njy ýylda 3 891 295 daşary ýurtly hasaba alnyp, olar umumy ilatyň 6.5%-ini düzýär. Immigrantlaryň ýarym milliona golaýynyň çagalary ýurduň tebigy artyşynda ähmiýetli orun eýeleýär. Şeýle hem 670 müňden gowrak legal däl migrant bar diýlip hasaplanylýar. Ilatyň 93.52%-ini italýanlar, 1.32%-ini rumynlar, 1.01%-ini demirgazyk afrikalylar, 0.73%-ini albanlar we beýlekiler düzýär.

Ýurtda 4 sany şäher aglomerasiýalary bar. Olaryň içinde iň ulusy Milan bolup, ilaty 7.4 mln., Rim – 3.7 mln., Neapol – 3.1 mln., Turin – 2.2 mln. ýaşaýjysy bardyr.

Italiýa tebigy resurslara garyp ýurtlaryň biri hasaplanylýar. Umuman alanyňda, ýurduň territoriýasynda tebigy baýlyklaryň köp görnüşleri jemlenendir. Ýöne ol baýlyklaryň ýa gorlary az ýa-da gazyp almak oňaýsyz we gymmat düşýär. Mysal üçin, 1982-nji ýylda ýurtda demir magdanynyň gazylyp alnyşy bütinleý bes edildi. Sisiliýa adasynda kaliý duzunyň, asfaltyň, bitumyň uly gorlary bardyr. Gurluşykda giňden ulanylýan mermer daşlarynyň dünýä ähmiýetli ojaklaryna eýedir. Energiýa balansynda kömrüň ähmiýeti ýokarydyr. Daş kömür esasan Sardiniýa, Toskaniýa, Umbriýa, Kalabriýa oblastlarynda bolup, ol şahta görnüşinde çykarylýar. Içerki ener-

giýa çeşmeleri ýurduň energiýa bolan isleginiň bary-ýogy 15%-ini kanagatlandyrýar. Ýurduň çäginde gazylyp alynýan nebit umumy islegiň 2%-ni düzýär. Soňky geçirilen barlaglaryň netijesine görä, Adriatik deňzinde, Demirgazyk, Merkezi, Günorta Apenninlerde we Sisiliýada tebigy gaz gorlarynyň üsti açyldy.

Italiýanyň sebitleri ykdysady taýdan üç bölege bölünýär. Olara Demirgazyk, Merkezi we Günorta ykdysady sebitler diýilýär. Demirgazykda örän kuwwatly senagat kärhanalary hereket edýär. Iri senagat merkezleri bolar Milan-Turin-Genuýa demirgazykda ýerleşýär. Ýurduň alýumin, nebiti gaýtadan işlemek, nebit-himiýa, energetika kärhanalary demirgazygyň paýyna düşýär. Merkezi Sebit aralykda ýerleşmek bilen, ykdysadyýetiň ösüşi boýunça demirgazyga meňzeşdir. Emma üçünji sektoryň hasabyna demirgazyk sebitden has öňe saýlanýar. Merkezi sebit bilim-ylym, maýa goýumlar, bank hyzmatlarynyň has ösen ýeridir.

Italiýanyň günortasy daglyk etraplar bolup, senagaty ösdürmekde uly kynçylyklary döredýär. Ol esasan oba hojalygyna ýöriteleşendir. Munuň özi sebitiň durmuş-ykdysady ýagdaýyny düýpli ýokarlandyrmakda kynçylyk döredýär. Häzirki wagtda günorta sebitden demirgazyga ilatyň süýşmegi barha güýçlenýär. Oba hojalykda işleýänleriň sany azalýar. Işçi güýjüne bolan islegiň migrantlar arkaly kanagatlandyrylmagy düýpli kynçylyklara getirýär. Demirgazykda bolsa ilatyň we senagat kärhanalarynyň örän gür ýerleşmegi önümçilik, durmuş galyndylarynyň örän köp toplanmagyna getirýär. Häzirki wagtda demirgazyk sebitde senagat we durmuş galyndylary «zyňyndy çökgünligini» emele getirdi. Italiýanyň demirgazygynda ýerleşen iri şäherler diňe bir Ýewropanyň däl-de, dünýäniň iň hapa şäherleriniň biri hasaplanylýar.

Italiýa ösen sekizlige girýän ýurt bolsa-da ykdysadyýetiniň ösüş derejesi boýunça has ösen we ösen döwletleriň arasyndaky orny eýeleýär. Zähmet öndürijiligiň görkezijisi beýleki döwletler bilen deňeşdireniňde pesdir. Şeýle hem senagatda işleýänleriň sany ösen döwletler bilen deňeşdireniňde has azdyr. Italiýada ilatyň agramly bölegi hyzmat sferasynda zähmet çekýär.

Italiýan ykdysadyýetiniň aýratynlyklarynyň biri hem ýurduň milli baýlygynyň az sanly monopoliýalaryň elinde jemlenenligidir. Mysal üçin, himiýa we elektronika önümçiliginde «Montedsion», awtomobil senagatynda «Fiat», rezin tehniki senagatynda «Pirelli» ýaly monopoliýalar agalyk edýärler. Şol bir wagtyň özünde döwlet orta, kiçi we ownuk telekeçiligi ösdürmäge ýykgyn edýär. Iri monopoliýalary paýdarlar jemgyýetine öwürmek işini güýçlendirýär. Döwletiň özi ýurtda iň iri telekeçi bolup çykyş edýär. Ykdysadyýete döwletiň goşulyşmasy aýratyn-da energetikada, metallurgiýada, gämigurluşykda, ýeňil senagatda has ýokarydyr. Bir-

näçe iri banklar millileşdirildi, ýagny döwletiňkileşdirildi. Ykdysadyýetindäki döwletiň paýy beýleki ösen döwletleriňkiden has ýokary bolup, onuň ösüş depgini hem çaltdyr. Döwletiň ykdysadyýete goşulyşmasynyň esasy maksady – üznüksiz önümçiligi üpjün etmek, hojalygy umumymilli maksatnamalaryň esasynda ösdürmek, döwlet we hususy kapitaly bir ýere jemlemek, merkezleşdirmek, ykdysadyýetde döwletiň paýyny ýokarlandyrmak, serişdeleri gaýtadan paýlamakdan ybaratdyr.

Geçen asyryň 70-nji ýyllaryndan italýan ykdysadyýeti durnukly ösüşi başdan geçirdi. 1990-njy ýyllarda ykdysady meseleler ýitileşip başlady. Onuň esasy sebäpleriniň biri Ýewropa Soýuzy bilen baglanyşyklydyr. Italýan harytlary köplenç halatda içerki we daşarky bazarda integrasiýanyň beýleki agzalaryndan asgyn gelip başlady. Bu ýagdaý senagata oňaýsyz täsirini ýetirdi. Pul birligi hökmünde ýewronyň kabul edilmegi ýurduň maliýe ulgamynyň ýagdaýyny has çylşyrymlaşdyrdy. Onuň esasy sebäbi hümmetsizlenmegiň ýokary derejesi, býujet ýetmezçiligi, döwlet bergisiniň ýokarylygy çykyş edýär. Döwlet býujetiniň möçberi 2009-njy ýylda 960 milliard dollara barabar bolup, dünýäde 5-nji orny eýeleýär.

2008-nji ýylda ýüze çykan bütindünýä maliýe-ykdysady çökgünligi ýurduň ykdysadyýetine, maliýe ulgamyna düýpli täsirini ýetirdi. Býujetiň gytçylygyny ýapmak üçin çykarylan döwlet bergi borçnamalary, olaryň göteriminiň we gymmatly kagyzlaryň wagtynda üzülmezligi, gymmatly kagyzlara ýokary göterimleriň bellenilmegi döwlet býujetiniň bergileriniň çalt ösüp, JIÖ-niň 120%-e çenli ýetmegine alyp bardy. Möhleti geçen bergileri üzmek, býujet gytçylygyny aradan aýyrmak üçin, HPG-den, ÝS-y ýurtlaryndan örän uly möçberlerde karz serişdeleri alyndy. Alnan karzlary üzmek üçin döwlet býujetiniň çykdajy bölegi azaldylyp başlandy. Bu hereket bolsa ilkinji nobatda ilatyň zähmet, pensiýa, kömek pullarynda öz beýanyny tapdy. Býujet bergilerini üzmek üçin alnyp barlan işleriň netijesinde ilatyň durmuş-medeni zähmet haklary, pensiýalar, kömek pullary iki essä golaý azaldyldy. Netijede, tutuş ýurtda sosial ýagdaý has ýitileşdi. Soňky geçirilen maliýe, býujet özgertmeleri netijesinde ykdysadyýetde ösüş duýlup başlandy.

Ýewronyň hümmetsizlenmeginiň ýyllyk derejesiniň 3 göterimden ýokary bolmaly däldigine garamazdan, hümmetsizlenmegiň derejesi Germaniýa, Fransiýa garanyňda has ýokarydyr. Onuň şeýle bolmagyna täsir edýän faktorlaryň biri hem nebiti we gazy tutuşlygyna diýen ýaly import edýänligi bilen baglanyşyklydyr. Italiýa nebiti we tebigy gazy Ýakyn Gündogar we Demirgazyk Afrika ýurtlaryndan import edýär. Soňky ýyllarda dünýäniň uglewodorod bazaryndaky

bahalarynyň ýokarlanmagy, demirgazyk Afrika ýurtlarynda raýat tolgunyşyklary, arap döwletleriniň nebiti syýasy ýarag hökmünde ulanmagy bu harytlaryň bahasynyň yzygiderli ösmegine getirýär. Energiýa çeşmeleriniň bahalarynyň ýokarlanmagy harytlaryň we hyzmatlaryň bahasynda beýanyny tapýar.

Italiýa ykdysadyýetiň oňaýly taraplaryna aşakdaky pudaklar degişlidir. Olara dünýä belli dizaýnerçilik, modaçylyk ugurlar mysal bolup biler. Meselem, awtomobil senagatynda Fiat, plastmassa önümçiliginde Montedison, kommunikasiýada Oliwetti, egin-eşik tikmekde Benetton kompaniýalary ýokary dizaýnerli we modaly harytlary öndürmekde dünýäde uly meşhurlyga eýedirler. Şeýle hem birnäçe müňýyllyklaryň dowamynda Rim imperiýasynyň ýerleşýän ýurdy bolmaklygy, adam eli bilen döredilen ajaýyplyklaryň taryhy binalary, olaryň sany boýunça dünýäde 1-nji orunda bolmagy halkara syýahatçylygynyň üznüksiz akymynyň ýurda gelmegini üpjün edýär.

Bu ýagdaý syýahatçylygyň üznüksiz ösmegine we ondan örän uly serişdeleriň gazanylmagyny şertlendirýär.

Ykdysadyýetiň gowşak tarapyna döwlet býujetiniň gytçylygynyň ýokarylygy, döwlet bergisiniň yzygiderli artmagy, ykdysady ösüşiň pesligi, milli baýlygyň Demirgazyk we Günorta arasynda deň paýlanylmazlygy, Günorta welaýatlarda işsizligiň 3 esse ýokarylygy, salgyt ulgamynyň ýetmezçilikleri kiçi, ownuk kärhanalaryň halkara bäsleşige ukyplylygynyň gowşaklygy, energiýa resurslarynyň importynyň baglylygynyň örän ýokarylygy degişlidir.

## 23.2. Ykdysadyýetiniň düzümi

Italiýa ýokary derejede ösen industrial-agrar döwletdir. JIÖ-niň möçberi 2010-njy ýylda 2 112.780 müň amerikan dollaryna barabar bolup, bu görkeziji boýunça dünýäde 7-nji orna eýedir. JIÖ-niň adam başyna düşüşi 2008-nji ýylda 28 910 dollara, SAP boýunça 2010-njy ýylda 30 700 dollara deň bolup, dünýäde 43-nji orna eýedir.

Ilatyň zähmete ukyply böleginiň oba hojalykda – 5%-i, senagatda – 32%-i, hyzmatda – 69,1%-i zähmet çekýär.

Gazyp alyjy senagatyň önümlerine ýarymmetallar, boksitler, kükürt, köp mukdarda granit we mermer daşlary, az möçberde nebit-gaz önümleri degişlidir.

Öndürilýän elektrik energiýasynyň 78%-i ÝES-iň, 20%-i GES-iň paýyna düşýär. Soňky ýyllarda AES-leriň gurluşygy barha çaltlanýar. Uglewodorodlaryň importyna bolan garaşlylygy azaltmak üçin elektrik energiýasyny öndürmekde kömrüň ulanylyşy barha artýar.

Ýurduň metallurgiýa senagatynyň esasy önümleri alýumin, polat we simapdyr. Metallurgiýa senagatynyň agramly bölegi importyň hasabyna hereket edýär.

Ýokary derejede ösen maşyn-gurluşygyna eýedir. Maşyn-gurluşyk önümlerine awtomobil, gämi-gurluşyk, uçarlar, traktorlar, radioelektronika önümleri, stanoklar, agyr we ýeňil senagat enjamlary degişlidir. Awtomobil senagatynda, esasan, ýokary dizaýnerli awtomobil önümçiligi ösendir. Şeýle awtomobiller az mukdarda çykarylyp, ýokary bahadan satylýar. Gämi gurluşykda, esasan, dynç alyş gezelenç gämileri bolan ýahtalary öndürmek boýunça meşhurdyr. Uçar senagaty soňky ýyllarda düýpli kynçylyklary başdan geçirýär. Boing, Eýbas ýaly iri uçar gurujylar. Italiýanyň dünýä bazary bilen birlikde içerki bazarda hem düýpli gysýarlar. Italýan uçar gurujylar häzirki wagtda dürli kompaniýalarynyň uçarlarynyň detallaryny, ätiýaçlyk şaýlaryny, bezeg işlerini ýerine ýetirmäge ýykgyn edýärler. «Eýbas» uçar kompaniýasynyň paýdary bolmak baradaky tagallalary hem başa barmaýar. Azyk we ýeňil senagatda ulanylýan stanoklary, enjamlary öndürmekde dünýä lideriniň biridir. Gaýtadan işleýän senagatyň öňdebaryjy pudaklarynyň biri hem himiýa, nebit-himiýa, nebiti gaýtadan işlemek, kagyz-sellýuloza, gurluşyk pudagy aýratyn-da sement, granit, mermer, aýna önümçiligi ýokary derejede ösendir. Mermer daşlaryny öndürmek, gaýtadan işlemek we eksport etmek boýunça dünýäde 1-nji orny eýeleýär. Nebiti gaýtadan işleýän pudaklary önümçilik tehnologiýasy boýunça öňdäkileriň hatarynda durýar. Tebigy gaz pudagynyň iň iri kompaniýasy bolan «ENI» gazy gaýtadan işlemek, dürli şertlerde geçiriji bolmak bilen bu hatarda, dürli ýurtlarda bölümleri bolan dünýäniň iň iri tebigy gaz kompaniýalarynyň biridir.

Ýurtda dokma, tikinçilik, aýakgap senagat kärhanalary giňden ýaýrandyr. Günebakar ýagyny, üzüm çakyryny öndürmekde dünýäde 2-nji orny eýeleýär. Dokma senagaty bütin dünýä belli ýokary modaly egin-eşikleri, aýakgaplary bilen şöhratlanýar. Italýan zergärleriniň ýuwelir önümleri dünýä meşhurdyr.

Oba hojalygy özüniň ýokary önüm berijiligi bilen tapawutlanýar. Esasy ekinlerine bugdaý, mekgejöwen, tüwi, gant şugundyry, gowaça, kartofel, zygyr, zeýtun, temmäki, gök önümler degişlidir. Maldarçylykda esasan iri şahly mallary, doňuzdarçylygy, guşçulygy, dowarlary ösdürmäge uly üns berilýär. Balykçylyk bilen Adriatik we Tirrenskiý deňizleriniň kenarynda ýerleşýän ilat meşgullanýar.

Ýurduň territoriýasynyň kiçiligi ulag ýollarynyň dürli görnüşleri bilen gurşalmagyna getirdi. Demir ýollarynyň umumy uzynlygy 19 müň kilometre, awtomobil ýollarynyň uzynlygy 479 müň kilometre barabardyr. Söwda floty 667 gämiden ybarat bolup, onuň umumy ýük göterijiligi boýunça dünýäde 17-nji orny eýeleýär.

Iri derýalaryň ýoklugy üçin derýa gämiçiligi gowşak ösendir. Raýat awiasiýasy bolsa dünýäde öňdäkileriň hataryndadyr.

Hyzmat ulgamynyň düzüminde halkara syýahatçylyk has ösendir. Her ýylda halkara syýahatçylykdan ortaça 30 milliard dollar girdeji gazanylýar. Her ýylda ýurda 50 million töweregi syýahatçy gelýär.

## 23.3. Italýan modeliniň aýratynlyklary

Italýan sosial-ykdysady modeli köp ýagdaýlarda iňlis-amerikan modeline meňzeşdir. Özbaşdak welaýatlaryň bir döwlete birleşmegi, ykdysadyýetiň senagatlaşmagynyň uzaga çekmegi, ösen döwletler bilen gazaply bäsleşik şertleri ýurtda özboluşly modeliň emele gelmegine şert döretdi.

Italýan ykdysadyýeti görkezijileri boýunça günbataryň beýleki ösen döwletleriniňkiden pesdir. Şu yzagalaklyk döwletiň hemişe ykdysadyýeti goldap durmagyna mejbur edýär. Döwlet dürli çäreleriň üsti bilen ykdysadyýeti we hususyýetçileri goldaýar. Ol işlere salgyt syýasaty, ýokary gümrük hojalygy, dürli jemgyýetçilik çäreleri esasynda iri gurluşyklary amala aşyrmak, döwlet zakazlary degişlidir.

Ykdysadyýeti kadalaşdyrmaga döwletiň goşulmagynyň güýçlenmegi netijesinde ýurt dünýä liderleriniň birine öwrülmegi başardy. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda döwletiň ykdysadyýetdäki paýy ýokary derejä baryp ýetdi. Şol ýyllarda senagatyň üçden biri, banklaryň 80%-i döwletiň gytaklaýyn gözegçiligi astyndady.

Döwlet kadalaşdyrmasynyň ýokarydygyna garamazdan, italýan ykdysady modeli köp görkezijileri öz bäsdeşleri bilen deňeşdireniňde gowşakdyr.

Italýan ykdysadyýetinde gizlin ykdysadyýetiň möçberi örän ýokary derejededir. Bu bolsa halkyň sosial-medeni ýagdaýyny ösdürmekde oňaýsyz täsir edýär. Şeýle hem ylmy oýlap tapyşlar, innowasion häsiýetli harajatlar öz bäsdeşleri bilen deňeşdireniňde örän pesdir. Hökümetiň ýurduň günortasynyň yzagalaklygyny ýeňip geçmek üçin edýän tagallalary özüniň aýdyň netijesini bermeýär. Şeýle hem döwlet býujetiniň ýetmezçiligi, hüm-

metsizlenmegiň ýokary hususyýetçileri goldamak üçin edilýän ägirt uly çykdajylar ýurduň halkara bäsdeşik ukybyny gowşadýar.

1990-njy ýyllardan başlap hususylaşdyrma işleri güýçlendirildi. Döwlet bergileri pugta gözegçilige alyndy. Maastriht ylalaşygynda bellenilen sepgide ýetmek üçin uly işler geçirildi. (Italiýa Günbatar Ýewropa döwletleriniň arasynda ýewro geçen iň soňky döwletdir). Hususylaşdyrmagyň netijesinde ýurduň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlarynyň paýy birden ýokarlandy.

Ýewropa Soýuzynyň talaplarynyň berjaý edilip başlamagy ýurduň sosial ulgamyna täzeden garamagy wezipe edip goýdy. Çünki, italýan zähmetkeşiniň aýlyk haky german, fransuz, iňlis zähmetkeşiniň aýlygyndan pesdir. Munuň özi ýurtdan gidýänleriň, aýratyn-da akyl zähmetini çekýänleriň migrasiýasy güýçlendi. Häzirki wagtda hem bu müşgilleriniň biri bolmagynda galýar.

## 23.4. Daşary ykdysady gatnaşyklary

Daşary ykdysady syýsatynda ÝS, Ortaýer deňziniň kenaryndaky, ABŞ, Balkan ýurtlary, Merkezi we Gündogar Ýewropa, GDA ýurtlary has ileri tutulýan ugurlaryň biri hasaplanylýar. Eksportynyň düzüminiň senagat enjamlary, ulag serişdeleri, maşyn gurluşyk önümleri, nebit we nebit-himiýa harytlary, dokma, egin-eşik, aýakgap, azyk, içgiler we temmäki tutýar. Importynyň düzümi maşyn-gurluşyk, mineral çig mallar, nebit-gaz, azyk önümleri tutýar. Esasy söwda hyzmatdaşlaryna Germaniýa, Fransiýa, Angliýa, Niderlandiýa, ABŞ degişlidir.

Türkmen-italýan gatnaşyklary çalt depgin bilen ösýän häsiýete eýedir. Hormatly Prezidentimiziň daşary ykdysady syýasatynda ÝS ýurtlary bilen hyzmatdaşlyk möhüm ähmiýete eýedir. 2007-nji ýylda döwlet baştutanymyzyň ýewropa ýurtlaryna eden saparynyň biri hem Italiýa bilen baglanyşyklydyr. Häzirki wagta çenli ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmekde ýeterlik tejribe toplanandyr. Italýan tarapy aýratyn-da ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumy bilen içgin gyzyklanýar. Bu ugurda «ENI» kompaniýasy degerli işleri alyp barýar. Şeýle hem türkmen-italýan biznes forumynyň geçirilmegi ikitaraplaýyn maýa goýum goýmak üçin amatly şertleri döredýär. Häzirki wagta çenli ýurdumyzda italýan kompaniýalarynyň gatnaşmagynda 12 sany maýa goýum taslamasy, 7 sany kärhana hasaba alyndy.

Hormatly Prezidentimiz Italiýa bilen dürli ugurdaky hyzmatdaşlygy giňeltmegiň möhümligine hemişe ünsi çekýär. Olara: himiýa, nebit-himiýa, syýahatçylyk, senagatda ulanylýan stanoklar, elektron enjamlar, şeýle hem türkmen hünärmenlerini taýýarlamak ýaly ugurlar degişlidir. Umuman alanyňda, ÝS ýurtlary, şol sanda Italiýa bilen Türkmenistanyň arasyndaky gatnaşyklaryň ösüşi özara ynanyşmak we dostlukly garaýyşlara esaslanýar.

# XXIV BAP
# KANADANYŇ YKDYSADYÝETI

## 24.1. Umumy häsiýetnama

Kanada Demirgazyk Amerikanyň demirgazygynda ýerleşmek bilen, territoriýasynyň ululygy boýunça dünýäde ikinji orny eýeleýär. Territoriýasynyň umumy möçberi 9.97 mln km²-e deň bolup, ilatyň ortaça gürlügi her km²-e 3.2 adamdan düşýär. Ilaty 31.96 mln.adam bolup, paýtagty Oktawa şäheridir. Federatiw döwlet gurluşy bolup, baştutany iňlis korolewasydyr. Döwleti monarh tarapyndan bellenilýän general-gubernator dolandyrýar.

Kanun çykaryjy edarasy iki palatadan ybarat bolup, onuň aşaky ganatyna Senat, ýokary ganatyna Obşinalar palatasy diýilýär. Administratiw territorial taýdan 10 prowinsiýa we 3 ştata bölünýär. Döwlet dili iňlis we fransuz dilleri bolup, pul birligi kanada dollarydyr. Şäher ilaty 80.4% bolup, ilatyň ýaş düzüminiň 17.6%-ini 15 ýaşa çenliler, 69%-ini 15-65 ýaş aralykdakylar, 13.3%-ini 65 ýaşdan ýokardakylar tutýar. Adam ömrüniň ortaça dowamlylygy erkeklerde 76.8 aýallarda 83.7 ýaşa deňdir.

Kanada has ösen döwletlere degişli bolup, ol ösen sekizlige girýän ýurtlaryň biridir. JIÖ-niň umumy möçberi 2010-njy ýyl boýunça 1 336 067 mln dollara deň bolup, bu görkeziji boýunça dünýäde 10-njy orny eýeleýär. JIÖ-niň adam başyna düşüşi 2010-njy ýylda satyn alyjylyk paritet (SAP) boýunça 39 600 dollara barabar bolup, bu görkeziji boýunça dünýäde 22-nji orny eýeleýär.

Territoriýasynyň ýerleşişi örän amatlydyr. Ýurduň kenaryna dünýä ummanynyň birbada üçüsi galtaşýar. Ýurtda köpsanly derýalaryň, kölleriň bolmagy suw üpjünçiliginden habar berýär. Tokaýlaryň adam başyna düşüşi boýunça dünýäde 1-nji orny eýeleýär.

Örän giň meýdany eýelemegi tebigy baýlyklaryň görnüşleriniň we möçberiniň köp bolmagyna şertlendirilýär. Uranyň, kobaltyň, sinkiň, nikeliň, kaliý duzunyň, asbestiň, kükürdiň zapaslary boýunça dünýäde 1–2-nji orunlary eýeleýär. Misiň, altynyň, gurşunyň, molibdeniň, kümşüň, demir magdanlarynyň, nebitiň, tebigy gazyň, daşkömrüň gazylyp alnyşy boýunça dünýäde 3-nji orny eýelýär. Zähmete ukyply ilatyň 2.5%-i oba hojalygynda, 19.5%-i senagatda, 78%-i hyzmat ediş sferasynda zähmet çekýär. JIÖ-niň düzüminiň 2.2%-ini oba hojalyk, 29%-ini senagat önümleri, 68.8%-ini hyzmatlar tutýar.

Ýokary derejede ösen senagat hereket edýär. Senagat önümleriniň arasynda gazyp alyjy senagat uly orun tutýar. Onuň önümleriniň 80%-i eksporta ugradylýar. Gaýtadan işleýän senagatyň düzümi gara we reňkli metallurgiýadan (sink, alýumin, kümüş, molibden, mis) maşyn-gurluşyk (awtomobil gurluşyk, ulaglaryň dürli görnüşleri, elektronika, awiakosmos), himiýa we nebit-himiýa, agaç işläp bejermek (dünýäde 3-nji orun), sellýuloza-kagyz (dünýäde 1-nji orun) senagatlary tutýar. Senagatda ylym siňňitli pudaklaryň sany barha artýar. Harby-senagat toplumy uly orun tutýar.

Oba hojalygy ýokary derejede mehanizmleşdirilen, ýokary önüme we bäsleşige ukyply öndürilýär. Dünýä boýunça oba hojalyk önümlerini köp öndürijileriň we eksport edijileriň biridir. Oba hojalyk önüminiň 60%-i maldarçylygyň paýyna düşýär. Onuň düzümine et-süýt berýän mallar, doňuzdarçylyk, guşçulyk girýär. Oba hojalyk ekinleriniň içinde giňden ýaýrany bugdaý bolup, onuň eksporty boýunça dünýäde 2-nji orunda durýar.

Ulag ulgamy ýokary derejede ösendir. Demir ýollaryň uzynlygy 48.6 müň km, gara ýollar 1,4 mln. km, içerki suw ýollarynyň uzynlygy 3 müň km-re barabardyr.

Halkara syýahatçylyk ýokary derejede ösendir.Ýurda her ýylda 20 mln. syýahatçy gelmek bilen, bu görkeziji boýunça dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýär.

## 24.2. Hojalygynyň aýratynlyklary

Kanada ýokary derejede ösen, ýokary ýaşaýyş şertlerine eýe bolan döwletleriň biri hasaplanylýar. Hojalygynyň gurluşy, düzümi boýunça ýewropa nusgasyna has golaý hasaplanylýar. Ýurduň ykdysadyýetiniň häzirki ýagdaýynyň emele gelmegine birnäçe faktorlar täsir etdi. Olara: giň territoriýa, baý tebigy resurslar, özleşdirmesi kyn bolan demirgazyk etraplar, az ilat-

23. Sargyt № 1094.

ly ýerler, ABŞ-nyň güýçli ykdysady täsiri degişlidir.

Fransuz dilinde gepleýänler ilatyň 40%-den gowragyny emele getirýär. Ýurtda deň sanly iki milletiň bolmagy, olaryň biriniň beýlekisine tabyn bolmagy separatist meýilleri oýarýar. Işewürligiň ösüşine oňaýsyz täsir edýär. Kanadadaky fransuzlaryň merkezi Kwebek şäheridir.

Maliýe ulgamynda esasan bäş sany bank esasy orny eýeleýär. Olar ýurduň maliýe aýlanyşygynyň 83%-ini üpjün edýärler.

Kanadanyň sosial syýasaty sebitleriň, ähli ilatyň deň derejeli durmuş standartlaryna esaslanýar. Durmuş-medeni ulgam döwlet gözegçiliginde alnyp barylýar. Sosial üpjünçilige, bilime, saglygy goraýşa goýberilýän harajatlar JIÖ-niň 23%-ine deň bolup, bu görkeziji boýunça ABŞ-dan we Ýaponiýadan öňdedir. Ýöne Skandinaw ýurtlaryndan yza galýar. Bilim ulgamy dünýäde iň öňdäkileriň hatarynda bolmak bilen, oňa goýberilýän serişdeler JIÖ-niň 7%-ini düzýär. Mekdep ýaşly çagalaryň 95%-e golaýy tölegsiz döwlet mekdeplerinde bilim alýarlar. Ýokary bilim ulgamy ösen döwletleriň arasynda iň arzan, elýeterli we ýokary hili bilen tapawutlanýar. Ýokary bilim berýän mekdepler döwlet býujeti tarapyndan maliýeleşdirilýär.

Uniwersitet edaralarynyň 2/3 bölegi federal we sebitleýin hökümetler tarapyndan maliýeleşdirilýär. Kanadalylaryň 18%-i doly gutarylmadyk uniwersitet bilimine eýedir.

Saglygy goraýşy guramak we maliýeleşdirmek amerikan nusgasyndan tapawutlydyr. Ýurtda medisina ätiýaçlandyrylmasynyň esasynda her bir raýata mugt ýa-da elýeterli medisina hyzmaty kepillendirilýär. Döwlet kepilligi bolmasa, hususy medisina edaralaryna hereket etmek gadagandyr. Saglygy goraýşa goýberilýän JIÖ-niň 10%-ine barabar bolup, onuň 2/3 bölegi döwlet býujetiniň paýyna düşýär. Soňky ýyllarda medisina enjamlarynyň, dermanlaryň we beýleki çykdajylaryň bahasynyň ýokarlanmagy bu ulgamda çylşyrymlylyk döredýär. Federal we ýerli hökümet işsizlere, az emläklilere, maýyplara kömek edýär. Pensiýa ýaşy 65 bolup, zähmet pensiýasy 60 ýaşdan berlip başlanýar. Pensiýalar esasan pensiýa ätiýaçlandyrmasy esasynda tölenilýär. Zähmetkeşleriň 43%-i hususy pensiýa fondlaryna gatnaşýar. Az girdejili we baý adamlaryň pensiýa, salgyt derejeleri tapawutlydyr. Işsizlik üçin tölenilýän posobiýa 400 kanada dollaryna deň bolup, onuň möhleti 45 hepdeden geçmeli däldir.

Kanadanyň ilatynyň ortaça girdejisi ABŞ-nyň ilatynyň ortaça girdejisinden 22% pesdir. Emma harytlaryň, hyzmatlaryň, bank göterimleriniň derejesi ABŞ-da has ýokarydyr. Şeýle hem Kanadanyň ilaty döwlet tarapyndan birnäçe mugt hyzmatlardan peýdalanýar. Munuň özi ilatyň sosial goraglylygy boýunça

islendik ýurt bilen bäsleşmäge mümkinçilik berýär. Girdejileri gaýtadan paýlamak salgyt ulgamy arkaly amala aşyrylýar. Girdeji salgytlarynyň möçberi 20%-den başlap, baý adamlar üçin 40%-e çenli barýar. Az emläkli adamlarda salgydyň möçberi iki esse peselýär. Ilaty garyplykdan we gedaýçylykdan goramak sosial syýasatynyň we jemgyýetçilik işiniň esasy ugry hasaplanylýar. Kanadada «pes girdeji çägi» diýen düşünje dört adamly maşgala üçin müň kanada dollar möçberinde kesgitlenýär.

## 24. 3. Daşary ykdysady gatnaşyklary

Halkara ykdysady gatnaşyklar ýurduň ykdysadyýetinde esasy orny eýeleýär. Soňky ýyllarda ykdysadyýetiň barha açyklyk häsiýetine eýe bolmagy, onuň daşary ykdysady gatnaşyklarynda öz beýanyny tapýar. Esasy daşary söwda hyzmatdaşlaryna ABŞ, Ýaponiýa, Hytaý degişlidir. Eksportynyň 84%-i ABŞ-a, 2%-i Ýaponiýa, 2%-i Hytaýa düşýär. Importynyň 57%-i ABŞ-a, 8%-i Hytaýa, 4%-i Ýaponiýa düşýär.

Ýurduň eksportynyň düzümi barha kämilleşýär. Tebigy gazy satmak boýunça dünýäde 2-nji orny eýeleýär. Eksportyň düzüminde mineral baýlyklaryň orny ýokarydyr. Soňky ýyllarda tebigy gazyň we mineral baýlyklaryň eksportdaky paýy 60-dan 35%-e çenli pese düşdi. Onuň ýerine maşynlaryň, aýratyn-da gazyp alyjy senagatyň enjamlarynyň paýy 52%-e deňdir.

Daşary ykdysady ganaşyklarynyň esasy aýratynlyklarynyň biri hem 1995-nji ýyldan başlap, kapitaly netto-importdan däl-de, netto-eksportýora öwrülenligidir. Ýurtda jemlenen daşary yurt maýasynyň 65%-i ABŞ-a degişlidir. Kanadanyň kapitalynyň 44%-i ABŞ-da jemlenendir. 2009-njy ýylda daşary ýurtlara 494.6 milliard dollar maýa çykaryp, bu görkeziji boýunça dünýäde 10-njy orny eýeleýär.

Kanadanyň ykdysadyýetinde we daşary ykdysady gatnaşyklarynda NAFTA-nyň ähmiýeti örän ýokarydyr. Bu döwletler bilen hyzmatdaşlyk bähbitli we howatyrlydyr. ABŞ-nyň kapitalynyň barha köp çekilmegi, harytlaryň bäsleşik derejesi, Meksikadan gelýän işçi güýjüniň arzanlygy ykdysady we sosial meseleleri döredýär.

# V BÖLÜM
# DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINIŇ ÖSÜP GELÝÄN ÝURTLARY

## XXV BAP
## DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINIŇ ÖSÜP GELÝÄN ÝURTLARY

### 25.1 Ösüp gelýän ýurtlaryň häsiýetli aýratynlyklary

Ösüp gelýän döwletler dünýäniň köp sanly ýurtlaryny özünde jemleýär. Dünýä ilatynyň ýarysyndan gowragy ösüp gelýän ýurtlarynda ýaşasa-da DJÖ-niň ¼ bölegi öndürilýär. Bu ýurtlaryň ösüp gelýän ýurtlar diýlip atlandyrylmagy olaryň ösen döwletler bilen deňeşdireniňde köp sanly görkezijiler boýunça yza galýandygy bilen düşündirilýär.

Ösüp gelýän ýurtlar ösen döwletler bilen deňeşdireniňde ykdysady-sosial görkeziji boýunça örän yzdadyrlar. JIÖ-niň möçberi, JIÖ-niň adam başyna düşüşi, JMÖ, JIÖ-niň pudaklaýyn düzümi, adam ösüşiniň indeksi, eksportyň bir haryda esaslanmagy we başga-da birnäçe ykdysady-sosial görkezijiler ösüp gelýän ýurtlaryň häsiýetli alamatlarydyr.

Dünýä döwletleriniň agramly böleginiň ösüp gelýän ýurtlar bolmagynyň sebäbi nämeden ybarat? Onuň esasy sebäbi bu ýurtlaryň bazar ykdysadyýetinde ýurtlara garanyňda has giç geçip başlanlygydyr. Munuň özi bu ýurtlarda bazar institutynyň, eýeçiligiň görnüşleriniň we hukuklaryň, telekeçiligiň, girdejileriň, intellektual zähmetiň haýal ösmegine getirdi. Bu ugurlarda yza galmak ykdysady we sosial meseleleriň öz wagtynda çözülmezligine getirýär.

Ösüp gelýän ýurtlaryň häsiýetli alamatlarynyň biri hem olaryň ykdysady-geografiki ýerleşişi bilen baglanyşyklydyr. Ykdysady-geografiki ýerleşiş ilkinji nobatda ösen ýurtlara golaý ýerleşmek bilen baglanyşyklydyr. Ösen «yzyndan kowup ýetmek» ugry içerki däl-de daşarky faktorlara baglydyr. Ösen döwletler tehnologiýalary, kapitalyň bir bölegini, telekeçilik endiklerini ösüp gelýän ýurtlara geçirýär. Aýratyn-da önümçilik tehnologiýalary, ygtyýarnamalar, maýa goýumlar has uly ähmiýete eýe bolýar. Olar beýleki bir ýurda geçmek bilen, täze iş orunlarynyň, önümçiligiň zähmet tejribesini ýokarlandyrýarlar. Bu hereket öz gezeginde ösüp gelýän ýurtlaryň ösen ýurtlara baglylygyny artdyrýar. Ösüp gelýän ýurtlaryň ykdysadyýeti ösen ýurtlardan gelýän kapitala, tehnologiýa laýyklykda hereket edýär. Netijede, ösen ýurtlar dünýä hojalygynyň merkezine öwrülip, ösüp gelýän ýurtlara ykdysady, syýasy, maliýe, tehnologiýa arkaly täsir edýärler. Bu täsir näçe ýokary bolsa, döwletleriň ösüş derejesi hem ýokarlanýar. Mysal üçin, Hindistan, Braziliýa ýaly ýurtlar dünýäniň çet-gyra ýurdundan, ýarym çet-gyra döwletlerine öwrüldiler. Daşarky ykdysady täsiriň az bolan ýurtlary dünýä hojalygynyň çet-gyra ýurtlarynyň sanawynda bolmaryny dowam etdirýärler.

Ösüp gelýän ýurtlaryň ykdysadyýeti iki ugur boýunça ösýär. Olaryň birinjisi adaty, beýlekisi häzirkizaman ykdysadyýetidir. Adaty ykdysadyýet kapitalizme çenli hereket eden ownuk senetkärçilik, feodalçylyk ýaly gatnaşyklara esaslanýar. Häzirkizaman ykdysadyýeti bilelikdäki, ýerli, daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagynda döredilen senagat kärhanalaryna daýanýar. Adaty ykdysadyýetiň agdyklyk edýän ýurtlarynda yzagalaklyk dowam edýär. Häzirkizaman ykdysadyýetiniň agdyklyk edýän ýurtlarynyň ösüş ýoluna düşendigini görkezýär. Milli hojalykda adaty ykdysadyýetiň bolmagy köp ukladlylygy emele getirýär.

Ösüp gelýän ýurtlaryň ozalky koloniýalar bolmagy sosial-ykdysady ösüşi bökdedi diýip hasap edilýär. Emma döwletleriň ykdysady ösüşiniň taryhyna seredeniňde koloniýaçylyk gurluşyň ykdysadyýeti ösdürmäge oňyn täsir edýändigini görkezýär. Mysal üçin, Afrika kontinentinde koloniýa bolmadyk ýeke-täk döwlet bolan Efiopiýa ozalky kolonial döwletlerden hemmetaraplaýyn yzdadyr. Garaşsyzlyk ugrunda uzak wagtlap göreş alyp baran Gaitiniň sosial-ykdysady ýagdaýy ozalkysyndan has köpdür. Aziýa koloniýa bolmadyk Owganystanyň, Nepalyň, Butanyň ykdysadyýetleri, koloniýa bolan döwletler bilen deňeşdireniňde örän gowşakdyr. Şonuň üçin koloniýaçylyk gurluş ösüp gelýän döwletleriň sosial-ykdysady ösüşini bökdän esasy sebäpleriň biridir diýen düşünje bilen ylalaşmak örän kyn.

Ösen döwletlere baglylyk, köp ukladlylyk geçiş häsiýetli ýurtla-

ra hem mahsusdyr. Geçiş häsiýetli ýurtlaryň tapawutly ýeri, olar adaty ykdysadyýetden bazar ykdysadyýetinde däl-de, döwlet eýeçiliginden hususy eýeçilige geçýänligidir. Bazar ykdysadyýetini emele getirmäge tarap hereket etmegi olaryň umumylygydyr.

## 25.2. Ösüp gelýän ýurtlaryň toparlara bölünişi

Ösüp gelýän ýurtlar özaralarynda JIÖ-niň, onuň adam başyna düşüşi, JMÖ, ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümi ýaly görkezijiler boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar. Bu döwletleri ykdysadyýetleriniň ösüş derejesi boýunça üç topara bölýärler.

1. Tiz ösýän ýurtlar.
2. Orta depginde ösýän ýurtlar.
3. Haýal ösýän ýurtlar.

Birinji topara girýän ýurtlar ykdysady edebiýatlarda dürli atlandyrylýar. Olara «çalt senagatlaşýan ýurtlar», «çalt ösýän ýurtlar», «kapitalizmiň göçüp barýan ýurtlary» we ş.m. Olara şeýle at berilmeginiň sebäbi ykdysadyýetleriniň, senagat sektorynyň çalt ösýänligi bilen düşündirilýär. Dünýäniň syýasy kartasynda şeýle döwletleriň sany köp däldir. Ol döwletler, esasan, Aziýada ýerleşýär. Olara ilkinji nobatda «Aziýa aždarhalary» ýa-da «Aziýa gaplaňlary» diýlip atlandyrylýan Günorta Koreýa, Taýland, Malaýziýa girýär. Aziýa yklymynda çalt senagatlaşýan beýleki bir ýurdy Ysraýyldyr. Günorta Koreýa çalt ösýän ýurtlaryň öňbaşçysy bolmak bilen, ykdysady görkezijiler boýunça ösen ýurtlaryň hataryna deňleşip başlady. Beýleki ýurtlaryň hem ykdysady ösüşleri ýokarydyr. Günorta Koreýada soňky ýyllarda ykdysady ösüşiň görkezijisi haýallan hem bolsa, bilermenleriň çaklamagyna görä, görnüp duran onýyllykda ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşiniň saklanjakdygyny belleýärler. «Aziýa aždarhalary» ýurtlarynyň ykdysadyýeti ýapon nusgasyna meňzeşdir. Has dogrusy, bu döwletler ýapon tehnologiýasynyň we kapitalynyň esasynda ösýär. Şonuň üçin bu ýurtlar ykdysady ösüşi boýunça Ýaponiýa baglydyr.

Ysraýyl amerikan, günbatar ýewropa kapitalynyň gatnaşmagynda uly ösüşe eýe boldy. Ýurduň hojalygy aýratyn-da amerikan ykdysadyýetine baglydyr.

Aziýanyň beýleki çalt ösýän ýurtlaryna Hytaý bilen Hindistan degişlidir. Bu ýurtlar JIÖ-niň möçberi boýunça dünýäniň 1-nji onlugyna girýärler. Emma ilatyň örän köplügi, işsizligiň

ýokary derejesi, JIÖ-niň adam başyna düşüşiniň örän pesligi, garyplygyň çäginden pesde ýaşaýanlaryň sanynyň köp bolmagy, aýlyk girdejileriniň azlygy olaryň dünýädäki ornuny pese gaçyrýar.

Çalt ösýän ýurtlar Latyn we Merkezi Amerikada hem ýüze çykdy. Olara Braziliýa, Argentina, Meksika degişlidir. Bu ýurtlar häzirki wagtda örän çalt senagatlaşýarlar. Tebigy baýlyklaryň dürli görnüşlerine baý bolmaklary önümçiligiň dürli görnüşlerini ösdürmeklerine mümkinçilik berýär. Olaryň ykdysadyýeti esasan amerikan kapitaly esasynda ösýändir.

Afrikada çalt senagatlaşýan ýurt Günorta Afrika Respublikasydyr. Tebigy baýlyklarynyň köp bolmagy, ummana ýanaşyk ýerleşmegi ýewropalylaryň bu ýurda göçüp gelmegini, hojalygyň kapitalizme geçişini çaltlandyrdy.

Orta derejede ösýän ýurtlaryň arasynda dünýäniň iri ykdysadyýetlerine eýe bolan Türkiýe, Eýran, Indoneziýa, Pakistan, Hytaý, Hindistan, Müsür, Ýakyn Gündogar ýurtlary we başga-da onlarça ýurtlar degişlidir. Bu ýurtlar hem özaralarynda tapawutlanýarlar. Mysal üçin, arap ýurtlarynda ýokary sosial-medeni ýagdaýa eýedir. Olar halkyň sosial ýagdaýy boýunça dünýäniň öňdebaryjy döwletleri bilen bäsleşýärler. Emma, olarda senagatyň ösüşi çalt ösýän ýurtlar bilen deňeşdireniňde gowşakdyr. Bu döwletlerde diňe çig mallary, esasanam nebiti eksport etmegiň hasabyna ýokary sosial şertler döredilýär. Olar nebitden gelýän girdejilere baglydyr. Dünýä bazarynda çig mallaryň bahasynyň pese gaçmagy eksporty mono (bir) harytly ykdysadyýete özüniň oňaýsyz täsirini ýetirýär.

Orta derejede ösýän ýurtlar bolan Türkiýe, Eýran, Pakistan, Müsür ýaly, ýurtlar ykdysadyýetde esasan maddy sektora ünsi güýçlendirýän hem bolsalar, ösüşiň derejesi boýunça «aziýa aždarhalary» ýurtlaryndan pesdir.

Pes derejede, yzagalak döwletlere Owganystan, Şri-Lanka, Efiopiýa, Çad, Niger, Mongoliýa, Butan, Nepal we başga-da onlarça ýurtlar degişlidir. Bu ýurtlaryň ykdysadyýetinde we sosial ulgamynda yzagalaklygyň ähli alamatlary jemlenendir. Yzagalaklygyň esasy sebäpleri bolup özara uruşlar, tire-taýpa dawalary, ilatyň sowatsyzlygy ýaly meseleler çykyş edýär.

## 25.3. Sosial-ykdysady ösüşiň meýilleri

Ösüp gelýän ýurtlar sebitler boýunça dürli görkezijilere eýedir. Ol görkezijilere, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, esasy makroykdysady görkeziji-

ler degişlidir. Ösüp gelýän ýurtlarda birneme ykdysady ösüş duýulsa-da, ilatyň çalt artmagy JIÖ-niň adam başyna düşüşi pes derejededir. Geçen asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynda, Ýakyn Gündogarda. Latyn Amerikasynda ýokary ösüş başlandy. Afrika ýurtlarynda ykdysady galkynyş duýuldy. Emma 1970-nji ýyllarda ýüze çykan energiýa çökgünligi netijesinde Afrika, Latyn Amerikasy ýurtlarynda ösüş düýpli pese gaçdy. Ýakyn Gündogar ýurtlary bolsa nebitden gelýän serişdeleriň hasabyna ýokary derejeli durmuş-medeni üstünlige ýetdiler. Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary «kowup ýetýän» ykdysady mesgini saýlap aldylar. Soňky ýyllarda Latyn Amerikasy ýurtlarynyň arasynda belli-belli ýurtlar saýlanyp başlandy. Emma olaryň görkezijileri Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary bi-

*14-nji tablisa*

**JIÖ-iň adam başyna düşüşi**
**(SAP boýunça 1995-nji ýyldan 2015-nji ýyla çenli çaklama)**

| Ýurtlar | 1950 | 1980 | 2000 | 2015 |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| Ösen ykdysadyýetler | 7,0 | 17,2 | 21,2 | 35,8 |
| Şol sanda: ABŞ | 12,2 | 21,9 | 31,0 | 43,8 |
| Günbatar Ýewropa | 5,6 | 14,9 | 21,5 | 31,1 |
| Ýaponiýa | 2,3 | 15,5 | 21,7 | 32,3 |
| **Geçiş häsiýetli ykdysadyýetler** | | | | |
| Şol sanda: Merkezi Ýewropa ýurtlary | 4,5 | 11,6 | 12,1 | 20,1 |
| GDA | 3,5 | 10,2 | 5,9 | 12,8 |
| Olardan: Russiýa Federasiýasy | 4,0 | 11,9 | 7,5 | 16,2 |
| **Ösýän ykdysadyýetler** | | | | |
| Şol sanda: Ýakyn we Orta Gündogar | 3,1 | 7,6 | 7,2 | 9,4 |
| Beýleki Aziýa ýurtlary | 0,7 | 1,1 | 3,1 | 5,8 |
| Şol sanda: Hytaý | 0,4 | 0,7 | 3,4 | 7,1 |
| Şol sanda: Hindistan | 0,6 | 0,9 | 1,7 | 3,2 |
| Latyn Amerika | 2,9 | 5,9 | 6,2 | 9,0 |
| Şol sanda: Braziliýa | 1,9 | 5,5 | 5,7 | 8,7 |
| Meksika | 2,9 | 6,6 | 7,5 | 12,0 |
| Afrika, günorta jahara | 1,5 | 1,6 | 1,5 | 1,7 |
| Şol sanda: GAR | 2,9 | 5,2 | 5,2 | 7,4 |

Çeşmesi: мир на рубеже тысячелетий Москва, 2001 г.

len deňeşdireniňde gowşakdyr. Afrika ýurtlary bolsa eýýäm birnäçe onýyllyklar bäri ykdysady durgunlylygy başdan geçirýärler. Aşakdaky tablisada ýurtlaryň JIÖ-leriniň adam başyna düşüşiniň ýyllar boýunça ösüşi we çaklamasy beýan edilýär.

Tablisadan görnüşi ýaly, ösüp gelýän ýurtlarda JIÖ-niň adam başyna düşüşiniň pesligi ýyllar boýy dowam edýär.

Ilatyň garyplygy, hususy sektoryň gowşaklygy ösüp gelýän ýurtlaryň býujetleriniň salgytdan emele gelýän böleginiň pesligine getirýär. Býujetiň salgytdan gelýän böleginiň köpelmegi üçin getirilýän we çykarylýan harytlara salgytlaryň ýokarlandyrylmasy ykdysadyýetiň liberallaşdyrylmagy hem býujet gytçylygyny aradan aýryp bilenok.

Ösüp gelýän ýurtlaryň býujet ýetmezçiligi JIÖ-niň göterimi hasabyna alnanda ösen döwletleriňkä garanyňda has pesdir. Bu görkeziji ösüp gelýän döwletlerde maliýe serişdeleriniň ýeterlikdigini aňlatman, olaryň durmuş-medeni ulgama goýberýän harajatlarynyň azlygyny görkezýär. Mälim bolşy ýaly, ösen ýurtlaryň býujetlerinde durmuş-medeni ulgama goýberilýän harajatlar uly orun tutýar. Ösüp gelýän ýurtlaryň býujet ýetmezçiligi olaryň bergidar bolmagynyň we hümmetsizlenmegiň ýokary bolmagynyň esasy sebäpleriniň biridir.

Ösüp gelýän ýurtlaryň durmuş--ykdysady yza galaklygynyň esasy sebäpleriniň biri hem JIÖ-niň pudaklaýyn düzümi çykyş edýär. Ösen döwletlerde ykdysadyýetiň birinji sektoryna ortaça JIÖ-niň 2%-i, ikinji sektoryna 27%-i, üçünji sektoryna 71%-i düşýär. Ösüp gelýän ýurtlarda bolsa bu görkeziji takmynan 23:26:51-e, Afrika we Günorta Saharada 14:29:57-ä deňdir. Ösen döwletleriň hemmesinde gaýtadan işleýän pudaklarynda maşyn--gurluşyk önümleri uly orun tutýan bolsa, ösüp gelýän ýurtlaryň gaýtadan işleýän senagatynda ýeňil we azyk harytlary agdyklyk edýär.

Ösüp gelýän ýurtlaryň köpüsinde oba hojalyk we gazyp alyjy senagat çalt ösýän bolsa, olaryň käbirinde gaýtadan işleýän senagatyň harytlary agdyklyk edýär. Olara eksporta nazarlanýan önümçiligi emele getirýän döwletler degişlidir.

## 25.4. Ösüşiň daşarky faktorlary

Daşarky faktorlar ösüp gelýän ýurtlaryň ösen döwletlere baglylygynyň esasy sebäpleriniň biridir. Eksport edilýän harytlaryň möçberi JIÖ-de ösen

döwletleriňki bilen deňeşdireniňde az paýa eýedir. Eksport kwota ösen döwletlerde JIÖ-niň ortaça 19–20%-ine deň bolsa, ösüp gelýän ýurtlarda bu görkeziji takmynan 9%-e barabardyr.

Ösüp gelýän ýurtlaryň köpüsi nädogry daşary ykdysady syýasaty alyp barýarlar. Olar ykdysadyýeti ösdürmek, býujet gytçylygyny aradan aýyrmak üçin çig mal eksportyny has ýokarlandyrýarlar. Munuň özi ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynyň ösüşini bökdeýär. Şol bir wagtyň özünde ösen döwletleriň eksporta nazarlanýan önümçiliklerinde işleýänleriň sany ösüp gelýän döwletler bilen deňeşdireniňde onlarça esse ýokarydyr.

Ösüp gelýän ýurtlaryň eksportynyň düzüminiň bir harytly häsiýete eýe bolmagy ykdysady ösüş üçin dürli meseleleri döredýär. Şeýle döwletleriň köpüsiniň eksporty bir ýa-da iki haryda esaslanýar. Ýokary hünär taýýarlykly işgärleriň az bolmagy-da ösüp gelýän döwletleriň yzagalaklygynyň sebäpleriniň biridir.

Sosial-ykdysady yzagalaklyga daşary ýurtlardan we halkara maliýe guramalardan alnan karzlar hem uly täsir edýär. Karz alnan serişdeler ykdysadyýete gönükdirilmän, daşarky bergileri üzmek we býujet ýetmezçiligini ýapmakda ulanylýar. Karz alnan serişdeleriň öz wagtynda yzyna gaýtarylmazlygy halkara bergidarlyga alyp barýar.

Ösüp gelýän ýurtlaryň yzagalaklygynyň sebäpleriniň biri hem süýşürintgileriň jemi normasynyň pesligidir. Süýşürintgileriň jemi normasynyň pesligi ykdysadyýeti senagatlaşdyrmakda uly kynçylyk döredýär. Bu meseläni çözmek üçin daşyndan çekilen serişdeleriň, olaryň ýerlikli ulanmazlygy bolsa, ýurdy bergidarlyga alyp barýar.

Ösüp gelýän ýurtlaryň aýratynlyklarynyň biri hem ykdysadyýete döwletiň goşulyşmasynyň ýokarylygydyr. Ykdysadyýete döwlet apparatynyň goşulyşmasynyň ýokarylygy hususy işewürligiň haýal ösmegine alyp barýar. Hususyýetçiligiň institusional-hukuk bazasynyň gowşaklygyna, bazar bäsleşiginiň aradan aýrylmagyna, korrupsiýanyň güýçlenmegine getirýär. Häzirki wagtda ösüp gelýän ýurtlarda ykdysady erkinleşdirmek iki ugur boýunça alnyp barylýar. Olara daşary gatnaşyklary erkinleşdirmek, döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak degişlidir.

# XXVI BAP
# HYTAÝ HALK RESPUBLIKASYNYŇ YKDYSADYÝETI

## 26.1. Hytaýyň uruşdan soňky döwürde ykdysady syýasaty

Hytaý Halk Respublikasynyň ykdysadyýeti soňky 20 ýylyň içinde san we hil taýdan düýpgöter üýtgedi. Bazar ykdysadyýetine geçiş häsiýet ýurtlaryň ykdysadyýeti pese düşýän döwründe, olaryň dünýä hojalygyndaky ornunyň gowşan döwründe, Hytaýda ortaça jemi içerki önüminiň paýy artýar. ol 1980-nji ýyldan 2000-nji ýyla çenli 10,5% ösdi, şonuň üçin ykdysady görkezijileri «Aziýanyň aždarhalary» bilen bir hatarda durnukly ösüp, dünýäde birinji bäşlige girdi we häzirki döwürde bolsa dünýäde birinji üçlüge girmegi başardy. 2005-nji ýyldan soň jemi içerki önümiň öndürilişi boýunça HHR 15% töwereginde saklanýar, şeýlelikde jemi içerki önüminiň adam başyna düşýän bölegi boýunça hem ösüş gazanylýar, ýöne bu görkeziji ösen döwletler bilen deňeşdireniňde aratapawut ägirt uludyr.

Hytaýyň Ikinji jahan urşundan soňky ykdysady syýasaty birnäçe gezek üýtgedi, onuň esasy sebäbi ykdysady yza galaklygy ýeňip geçmekden ybaratdy. 1949-njy ýylda Hytaý kommunistik partiýasynyň döwlet başyna geçmegi, şeýle hem Hytaý Halk Respublikasynyň (HHR) emele gelmegi we sosialistik gurluşyň ýola goýulmagy ykdysady ulgamyň düýpgöter üýtgemegi, esasan hem hususy eýeçiligi ösdürmäge ýol açýar. Şeýle hem senagaty güýçlendirmek syýasaty öňe sürüldi. 50-nji ýylyň ikinji ýarymyndaky «Uly böküş» syýasatynyň ideologiýasynda çalt ösmek üçin aýgytly ädim ädildi, ol syýasat esasan gysga wagtda ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň derejesine barmakdan ybaratdyr.

Bu uly maksatnamanyň başa barmandygy sebäpli, hytaý ýolbaşçylary hojalygy dolandyrmagyň ýollaryny üýtgetmäge mejbur boldular. Şeýlelikde, «Partiýada iki ýol görnüşi» geljekde ýurduň ykdysady ösüşiniň ýolunyň takyk saýlanylyp bilinmänligi sebäpli, «medeni rewolýusiýa getirdi», olar sosializm gurmak üçin synpy göreşi wajyp ýagdaýda güýçlendirmäge esaslanýarlar. Hytaýda ykdysady syýasat geçirilýär, senagatyna «aýratyn ýol» düzgünnamasy esasynda geçirilip başlanýar. Haçanda bazar gatnaşyklarynyň täsiri inkär edilende, onda diňe döwlet eýeçiligindäki görnüşi hasap edilipdir, daşary ykdysady gatnaşyklary doňdurylypdyr.

Ýurduň geljekki ösüşini esaslandyrýan wajyp syýasy üýtgeşmeler zerurlyk edýärdi. Bu üýtgeşme ýetmişinji ýyllaryň ikinji ýarymynda bolup geçdi. Ultra çepçileriň toparlarynyň ideologiýasynyň syýasy arenadan gitmegi we ýokary döwlet dolandyryş edaralarynda we hytaý kommunistik partiýasynyň düzüminiň täzelenmegi. Onuň başynda Den Sýaopiniň ýolbaşçylygynda hökümlik Pragmatistleriň tarapdarlarynyň elinde jemlendi. Täze syýasaty hytaý jemgyýetiniň köp böleginiň goldamagynyň netijesinde ykdysadyýeti özgertmek, üýtgetmek üçin mümkinçiligi täsirli boldy we ýurt ýuwaş-ýuwaşdan bazar gatnaşyklarynyň görnüşlerine geçilmegine itergi berdi. HHR-y ykdysadyýeti gurmagyň täze tapgyryna geçilmegi Hytaý kommunistik partiýasynyň (HKP) merkezi komitetiniň 3-nji plenumynyň 11-nji çagyrylyşy bilen baglydyr (1978-nji ýylyň dekabry), ol «dört kämilleşdirme» köp wagtlyk maksatnamasyny durmuşa ornaşdyrmak wajyp diýlip karar edildi (senagaty, oba hojalygyny, ylmy we goranyşy kämilleşdirmek). Partiýanyň we hökümetiň işinde ykdysady meseleler çözülende olaryň bähbidine çözülmegi mesele edilip goýuldy. Bu plenum HHR-de Beýik özgerişliklere tiz, ýurtda şondan soň reforma ulgamy başlandy we ewolýusion görnüşde bazara geçilen diýlip hasaplanýar. Hytaý adminstratiw hojalyk dolandyrylyşyndan häzirkizaman bazar gatnaşyklaryna ewolýusion görnüşde geçmegiň iň ýagty ýoludyr.

Muňa garamazdan, reforma geçirilende köp üýtgeşmeler bolan hem bolsa, onuň esasy maksady üýtgemän galdy. Ol hytaýy, esasan, baý, kuwwatly, demokratik we medeniýetli sosialistik döwlet hökmünde görmek isleýärdiler. Bu maksada ýetmek üçin esasy maksat ortaça adam başyna düşýän görkezijileri artdyrmak, aşaky pelle orta derejede ösen ýurtlaryň derejesine ýetmek we ýokary pelle bolsa ýokary derejede ösen ýurtlar bilen aratapawudy azaltmakdan ybaratdyr, bu bolsa öz gezeginde hytaý halkynyň bolelinlikde ýaşamagyna itergi berer. Ýurduň ykdysady ösüş derejesini göz öňüne getirip, hytaý ýolbaşçylarynyň hasaplamalaryna görä hytaý 20-nji asyryň ortalaryna çenli maksatlaryny amala aşyrmagy mümkin. Käbir görkezijilere seretsek, ol ýagdaý diýseň çalt ösýär, mysal üçin, jemi içerki önüminiň ortaça adam başyna öndürilişine aratapawut dinamikasy Hytaýy ABŞ bilen deňeşdireniňde soňky 20 ýylda dünýäniň hemme döwletinden öňe geçdi, diňe Ýaponiýanyň 1950–1970-nji ýyllar aralygyndaky ösüşi bilen deňleşdi.

## 26.2. Hytaý reformasynyň aýratynlygy

Hytaý Halk Respublikasynyň täze durmuş ykdysady modelinde ugur almaga 80-nji ýylyň ikinji ýarymynda taýýar etmek durmuşa ornaşdyryldy, onuň netijesinde hytaý jemgyýetinde kyn gapma-garşylyk ýüze çykdy we «sosializm gurmagyň teoriýasynyň hytaý aýratynlygy» («Den Siýaopin teoriýasy») awtoryň pikirine görä, sosializm gurmagyň hytaý ýolunyň wajyp aýratynlygy we esasylygynyň diňe umumy halk we kollektiw eýeçiliginiň görnüşi bolman, eýsem hususy, gatyşyk we daşary ýurt eýeçiliginiň hem bolmagydyr. Şeýlelikde, «ösdürmek» we «kämilleşdirmek» düşünjesi ykdysadyýeti gurmagyň açarydyr. Şonuň üçin merkezleşdirilen hojalyk mehanizmleriň ýuwaş-ýuwaşdan üýtgemegi diňe bir ýagdaýda amatlydyr, ýagny garaşylýan peýda garaşylýan harajatdan ýokary bolanda amatlydyr. Hytaýda ykdysady reformalary sazlaşdyrmak bilen bir hatarda konfusian ahlak kadalaryna hem seredilýär.

Hytaýda ykdysady reformalaryň geçirilmegi wajyp element bolup durýan ýagdaý, döwlet ýolbaşçylarynyň seredýän meseleleriniň hemmesini diňe köp ilatly uly ýurtda syýasy we sosial durnuklylygy dolandyrmakda sazlaşykly täsir bilen seredilýär.

Hytaý Halk Respublikasynyň ewolýusion häsiýetli özgertmek netijesinde diňe bir başda bir görnüşi geçmegi netijesinde pese gaçman, ondan sowulmagy başardy hem-de ýokary ösüş dinamiki halkyň ýaşaýyş derejesi sazlaşdy.

1989-njy ýylda Týananmen meýdançasynda bolan pajygaly ýagdaýdan soň ykdysady reformalar geçirilen mahaly ýüze çykýan sosial meseleleriň inkär edilmegi, jemgyýetiň sosial dartgynlyklarynyň güýçlenmegine we ykdysady ösüşi mese-mälim togtadyp biler. Hytaý reformasynyň wajyp tapawut aýratynlygyny halkyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmakdy, garyplykda ýaşaýanlaryň sanyny azaltmakdan ugur alynmalydy. 2000-nji ýyla çenli ýurduň ilatynyň köp bölegini «stoýan» (az üpjünçilik) ugruna ýetmek üçin sosial mesele tejribesi şeýdip üstünlikli durmuşa ornaşdyryldy. Häzirki wagt 21-nji asyryň ortalaryna çenli orta gurplylyk derejesine ýetirmek meselesi öňe sürülýär we çözülýär.

Garyplyk derejesi (halkara garyplyk derejesinde hasaplanyp ugur alnanda bir günde bir dollar ) 1990–2000--nji ýylyň başlaryna ýuwaş-ýuwaşdan azaldyldy, 2002-nji ýyl 210–212 million adam sepgidine ýetdi (şeýlelikde, bütindünýä bankynyň baha bermegine görä, diňe şäher ilatynyň bir göterimi garyplyk derejesinde ýaşaýandygyny, şol bir wagtda bu görkeziji oba ýaşaýjylarynyň arasynda ýokarydyr we ol 25,4%-ni düzýär). Halkyň hal-ýagda-

ýynyň gowulanmagynyň sebäbi HHR-iň ilatynyň köp böleginiň geçirilýän reformanyň syýasatyny goldaýanlygy esas bolup durýar.

HHR-iň bazar ykdysadyýetine geçmeginiň esasy sebäpleriniň biri hem kommunistik partiýasynyň syýasy monopoliýasynyň aklanylmagy, syýasy reformanyň ykdysady reformadan görnükli yza galmagydyr. Hytaý reformasynyň konsepsiýasy syýasy bölünişe we ykdysady ösüşi düzýän şu ýagdaýa esaslanýan çuňňur syýasy reforma, hytaýy häzirki ösüş ýagdaýynda makul däl diýlip kompartiýasy seredýär, şol sebäpli ýurtda sosial syýasy ýagdaýyň durnuksyzlygyna getirip biler. Günbatar ýurtlarynyň üç häkimiýet ýaly meňzeş ulgamyny döretmek Hytaý Halk Respublikasynyň milli aýratynlygyna gabat gelmeýär, şundan belli bolşy ýaly, HHR döwlet eýeçiligindäki zatlary hususylaşdyrmak pikirine seresaplylyk bilen çemeleşýär.

Şol bir wagtyň özünde hytaý ýolbaşçylarynda geljekde wajyp uly göwrümli senagat kärhanalary, ýagny nebit, gaz, metallurgiýa, demir ýol, howa ýoly, geçiriji turbalar we beýleki maşyn-gurluşyk pudaklary döwletiň eýeçiliginde bolar diýip hasap edýärler. Galan döwlet kärhanalary apsomer jemgyýetleri bolmaly, döwlet gatnaşygy ol ýa beýleki döwlet gatnaşygynda bolmaly. Şeýlelikde, kiçi we orta döwlet kärhanalary döwlet ýoldaşlyk paý, kooperatiw, aksioner kooperatiw edaralar, kärende ýa-da hususy eýeçiliginde satylmak we köpçülikleýin eýeçiligine öwrülip bilner. Munuň ýaly syýasat hytaýda «çžuada fansýao» (uly kärhanalary döwletiň elinde saklamaly we kiçi kärhanalary goýbermeli) diýen ady aldy. Güýçli döwlet bölegini saklamagyň wajyplygy häzirki wagt ideologiýa düşünjesi bilen beýan edilmän, eýsem wagtyň pudaklar döwlet goldawyna mätäçlik çekýärler, ýurduň ykdysady kuwwatyny saklamak we ewolýusion özgerme hereketini saklamagyň wajyplygy bilen düşündirilýär.

## 26.3. Hususy eýeçiligiň hukyk düzümi

HHR-iň ykdysadyýeti hususy eýeçiligiň hukuk düzümi uly nätakyklyk häsiýetli we başga görnüşe geçmek tapgyrynda durandyr, gatyşyk görnüşiň, geçiş we gatyşyk görnüşleriň hem paýy uludyr. Häzirki wagt Hytaýda kabul edilen toparlara bölünişde, ýurduň ykdysady böleginiň eýeçiligiň görnüşleri aşakdakylardan ybaratdyr. Döwlet, köpçülikleýin, hususy (bu

ýerde 8 zähmetkeş we ondan hem köp hakyna tutma işgärler ulanylýar). Şahsy (hakyna tutma işgärler peýdalanylmaýar eýeçileriň özleri işleýärler) ykdysadyýetiň gatyşyk bölegi (daşary ýurt maýasy bölekleýin gatyşykly kärhanalar) aksioner bölek (sektor), daşary ýurt kärhanalarynyň sektory (dolulygyna daşary ýurt maýadarlaryna degişli). Watandaşlaryň gatnaşmagyndaky kärhanalar Gonkong (Siýangan), Makao we Taýwan. Şeýle bölünişikde hukuk eýeçiligi we hukuk hojalygynyň ýerleşişini sektora bölmek bilen doldurýarlar, hakykatdan birtaraplaýyn ol ýa-da beýleki düşündirilmäni edip bolmajakdygyny we önümçilik gatnaşyklaryň üýtgemegini dolandyryşyň bir görnüşden beýleki görnüşine geçip, şeýle hem olaryň eýeçiliginiň görnüşini üýtgetmezden amala aşyrylýandygyny aňladýar. Hytaýyň joşgunly ösüşine bar bolan gümrük hukuk eýeçilige päsgel bermeýär, eýeçiligi takyk çäklendirmän we hukuk goraglylygyny ýeterlikli üpjün etmezden durnukly ykdysady ösüş bolmaz diýlen könelenç peýdalanylýan rus teoriýasyna şübhe döredýär.

Hytaý ykdysadyýetinde takyk işlenip düzülen hukuk bazasynyň dürli sektorlarynyň arasynda nätakyklyk bilen bir hatarda eýeçiligiň görnüşiniň ol ýa-da beýleki eýeçiliginiň hakyky ornuny kesgitlemek gaty kyn. Şeýlelikde, HHR aksioner eýeçiligindäki görnüşde dolandyrýan has amatly we ykdysady ösüşiniň geljegine höwes döretmegini, jemgyýetiň we sosializm hiline köplenç seredilýändigini bellemek zerurdyr.

Döwlet sektorynyň ösüş depginli döwlete degişli bolmadyk sektoryň senagatynda ösüş depgini üç-dört esse pesdir we bellemek zerurdyr. Häzirki wagta çenli döwlet sektorynyň senagatdaky paýy azaldy. 1985-nji ýylda 75,9% bolandygyndan 2002-nji ýylda 40,8%-e ýetdi, döwlete degişli bolmadyk kärhanalar, şeýle hem köpçülikleýin, hususy daşary ýurt we gatyşyk eýeçiligindäki kärhanalaryň paýy umumy senagat önümçiliginde 2002-nji ýylda 50,2%-e deň boldy, şeýlelikde, döwlet sektorynda önümçilik sektorynda mukdar taýdan artdy.

**Pul karz syýasaty.** Ykdysadyýetde reforma geçirilmezden öň pul karz syýasaty döwletiň hojalyk meselelerini çözmegi iň gowşak guralydyr. Özgertme döwründe başlamagy bilen pul karz sazlaşygy güýçlendi. Bu ugurda 1993-nji ýylda Hytaý kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň üçünji plenumynyň 14-nji çagyrylyşy uly täsirli boldy, ondaky mesele, esasan pul karz ulgamynda bazar gatnaşyklaryny ösdürmäge gönükdirilendir. Şonda pul bazaryny we maýa goýum bazaryny ösdürmegiň wajyplygy, şeýle hem maliýe sektoryna girýän düzüm institutlaryny üýtgetmek bellenildi. Hytaý halk bankynyň derejesi güýçlendi we pul karz gurşawyna makro dolanyşygy geçirmegiň esasy instituty hökmünde çykyş edýär. Ýurtda iri ýöriteleşdirilen banklaryň (hytaý

banky, gurluşyk bank, söwda-senagat banky we oba hojalyk banky), täjirçilik hojalyk hereketine geçmek ugry çaltlandyryldy, hytaý bazarynda daşary ýurt maliýe institutlaryna goýberilmegi artdyrylýar.

Reforma geçirilen döwründe esasy mesele inflýasiýa boldy, 1980-nji ýylyň ahyrynda onuň bu göwrümi ýokary derejä ýetdi, ýagny 21%-e deň boldy. Hytaýda inflýasiýa bilen göreşmek üçin ykdysadyýeti «sazlamak» hereketi girizilýär (ýa-da bazar reformasyna mehanizmi togtatmak). HHR-iň resmi maksatnamalarynda inflýasiýa 5–6% derejesinde saklamak wezipesi goýulýar.

**Salgyt býujet ulgamy.** Hytaý salgyt býujet ulgamy öz ösüş döwründe birnäçe kynçylyklary başdan geçirdi. Reforma başlamazdan öň uzak wagtlap döwlet kärhanalary bitewi söwda-senagat salgydyny tölemänden soň döwlet býujetinde galan girdeji tölegleri geçirdiler we olaryň ösüşine býujetden doly maliýeleşdirme üpjün edilerdi. Ykdysady reformanyň ösüşi bilen salgyt salmak ulgamynda üýtgeşmeleriň geçirilmeginiň wajyplygy bilen şertlenendir. Has wajyp üýtgeşmeler 1980-nji ýyllaryň 2-nji ýarymynda Hytaýda soňky 40-a golaý görnüşli salgyt hereket edip başlady, döwletiň maliýe girdejisiniň 90%-den gowragyny üpjün edeninde bolup geçdi.

1994-nji ýylda täze salgyt salmak ulgamyna geçmek ýola goýuldy, dürli eýeçilik görnüşindäki kärhanalara salgyt salmak bütewi bir nusga geçmek bellenildi. Täze salgyt salmak ulgamy salgydyň 22-i görnüşini öz içine aldy, uly alty topara getirildi. Şol bir wagtyň özünde bütin reforma soňuna çenli alnyp barylmady. Reformada iň kyn mesele daýhançylara salgyt salmak bolup galdy, oba hojalyk önümçiligi bilen meşgullanýan oba öndürijileriniň uly möçberli tölegleri we ýygyndylaryny galdyrmak şerti bilen, maliýe agramyny azaltmak wajyplygy bilen düşündirilýär. 2000-nji ýylyň başynda ençeme prowinsiýalarda (welaýatlarda) salgyt goýumlaryny peseltmek we goşmaça köp tapawutlaryny ýatyrmak baradaky, şol sanda daýhanda ýerli tölegleri azaltmak tejribesi geçirildi. Bu tejribe ýerine düşen diýlip bellenildi we häzirki wagtda ýurduň hemme oba hojalyk etraplarynda hereket edýär.

Hytaý sosial-ykdysady modeliniň ajaýyplygy ýurduň düzüminde öz-özüni dolandyrýan we örän ösen Gonkong bolmagy köp zady kesgitleýär. Ol ýüz elli ýyldan hem gowrak (1841-nji ýyldan 1997-nji ýyla çenli ) Beýik Britaniýanyň ýeri boldy. Hytaý Halk Respublikasynyň birikmegi «bir döwlet – iki ulgam» konsepsiýasyny durmuşa ornaşdyrmagynyň çägindede bolup geçdi (bir döwletiň çäginde iki dürli sosial ykdysady ulgamynyň mümkinçiliginiň bolmagy göz öňünde tutulýar). Şonuň üçin HHR-iň kanunyna laýyklykda Gonkong ýokary derejedäki awtonomiýany saklaýar, muňa degişlilikde: özbaşdak ýerine ýetiriji-

ligi bar, kanuny hökümeti, özbaşdak maliýe ulgamy, HHR-iň merkezi hökümeti tarapyndan salgyt salmaga duçar edilmeýär; hususy eýeçilige eýelik etmäge we miraslyga hukuk, daşary ýurt maýalary kanunlar bilen goralýar; aýratyn ejaza düzgüni saklanýar we aýratyn gümrük zolagy derejesinde saklanýar; Gonkong dollar erkin konwertirlenýän walýuta bolmagynda galýar, ýer öz adyndan ykdysady gatnaşyklary we ýurtlar, sebitler we halkara guramalar bilen beýleki gatnaşyklary ýola goýmaga hukugy bardyr.

Gonkong HHR-iň düzümine birikmeginiň netijesinde awtonom derejesiniň saklanmagy adada işjeňligi pese gaçyrmazlyga gönükdirilendir, maýadarlara olaryň hukuklaryny kepillendirmek, şeýle hem tejribede girdejileri işläp düzmek, soňra Taýwan we Makao ýurda birleşende «bir yurt – iki ulgam» diýen ugur boýunça ulanmak göz öňüne tutulýar (Makao HHR-iň düzümine 1999 ý. girdi). Şeýle modeli durmuşa ornaşdyrmak HHR-iň ýolbaşçylarynyň Pragmatistlyklaryny tassykläddy, ol ideologiýa hakyky durmuşyň garşysyna gitmegine ýol bermedi. Netijede, Hytaý häzirkizaman ýokary netijeli ykdysady kuwwaty aldy, ol ýurduň hojalygynyň ösmegine itergi berdi.

Taryhy Gonkong, günorta Hytaýyň kenarynda wajyp strategik nokadyň biri mahaly, erkin port derejesini eýeleýärdi we onda söwda salgyt salmak ýokdy. 1980-nji ýyllaryň başlaryna Gonkong Koreýa Respublikasy, Taýwan we Singapur bilen birlikde Aziýanyň täze industrial ýurtlarynyň hataryna girdi. Ýer ösen dinamika öwrüldi, bar bolan ykdysadyýetiň senagat infrastrukturasyny ösdürmek, eksporta ugradylýan häzirkizaman harytlary we hyzmatlary ösdürilýär. Adanyň ykdysadyýetinde infrastrukturany çaltlandyryp ösdürmegiň ugrunda häzirkizaman hyzmat we senagat sektory hil taýdan öňe sürülýär. Gonkongyň pudaklarynyň hemmesinde daşary yurt maýalary bardyr. Şeýlelikde, öň Beýik Britaniýanyň maýdarlarynyň paýy uly bolan bolsa, onda soňky on ýylda ABŞ-nyň, Ýewropa ýurtlarynyň, Ýaponiýanyň maýadarlarynyň paýy artdy.

2000-nji ýyllaryň başyna Gonkong dünýä ykdysadyýetinde iň hyzmatlaşan diýen derejäni gutarnykly berkitdi, 2005-nji ýyl 87% (81% iş bilen meşgul bolýanlardan) hyzmat sferasynyň paýyna düşdi. Hyzmatyň düzüminde öňdebaryjy orunlary maliýe, ätiýaçlyk, gozgalmaýan emläkler we söwda eýeleýär. Gonkong JIÖ-niň adam başyna düşýän bölegi boýunça 26,1 müň ABŞ dollaryna deňdir. Bu görkeziji Aziýada, şeýle hem dünýäde iň ýokary görkezijileriň biridir.

Gonkong üçin soňky on ýyl HHR-iň ykdysadyýetine goşulmagy ýola goýmak döwri boldy. Bu ýagdaý syýasy, ykdysady we etnomedeniýetiň esaslarynyň jemine daýanýar.

HHR-de ykdysady strategiýa düzülende Gonkongyň tejribesi üns bilen öwrenilýär. HHR-de erkin telekeçilik

we bäsdeşlik bar hem bolsa, olar öňküsi ýaly bir bitewi jemgyýete boýundyr, şeýle hem (jemgyýet döwletde) kämilleşdirmek ýagdaýynda ýolbaşçy we sazlaýjydyr. Gonkongyň ykdysady ösüşde ýeňişleri hytaý ýolbaşçylarynyň geljekki ösüşi işläp düzmeklerine tapawutly täsirini ýetirdi.

## 26.4. Hytaý ykdysadyýetiniň esasy meseleleri

Ýurduň ykdysady ösüşiniň ýokary depgini saklansa-da, entek garyplyk meselesi doly çözülenok. Häzirki wagtda ýurtda 50 milliondan gowrak adam garyplygyň derejesinden pesde ýaşaýar. Bu ýagdaý aýratyn-da Tibet we beýleki çet-gyra sebitlerde has güýçlüdir. Şeýle hem işsizligi aradan aýyrmak meselesi gaty ýiti mesele bolup durýar. Hytaýda her ýylda orta hasap bilen 8 milliondan gowrak iş orunlary döredilýär. Emma munuň özi ýeterlik däldir.

Ýurtda energetika meselesi öňdäki orunlarda durýar. Nebiti we gazy esasan import edýär. Häzirki wagtda dünýäde nebitiň bahasynyň ýokarlanmagynyň bir sebäbi Hytaý hasaplanylýar. 1990-njy ýyldan başlap, her 10 ýyldan energiýa çeşmelerine bolan islegi iki esse ýokarlanýar. Şol bir wagtyň özünde elektrik energiýasynyň sarp edilişi hem ösýär. Hytaý 2010-njy ýyla çenli bu pudaga 120 milliard dollar ýa-da 1 trillion ýuan möçberinde maýa goýum goýberdi. Elektrik energiýasyny öndürýän stansiýalaryň içinde AES-lere aýratyn orun degişlidir.

Hytaý daşarky bazarlara maýa goýum goýýan iri ýurtlaryň biri bolup durýar. Häzirki wagta çenli onuň möçberi 120 milliard dollardan hem geçdi.

Şeýle hem halkara bäsleşikde Hytaý öz güýjüni görkezip başlady. Bilermenler Hytaýyň esasan Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlaryna, Merkezi Aziýa, hususan-da Orta Aziýa we Afrika ýurtlaryna ykdysady we syýasy täsiriniň güýçlenmegine garaşýarlar.

Ýurtda dürli etniki toparlaryň köp bolmagy dürli syýasy garaýyşlaryň, tolgunyşyklaryň döremegine getirýär. Muňa mysal edip, Tibetde bolan näsazlyklary görkezip bolar.

## 26.5. Türkmen-hytaý gatnaşyklary

Türkmen we hytaý halklarynyň gatnaşyklarynyň sene ýazgysy özüniň gözbaşyny müňýyllyklaryň jümmüşinden alyp gaýdýar. Gadymy hytaý siwilizasiýasy, türkmenleriň köp asyrlyk medeni-taryhy mirasy ýaly, bütindünýä taryhyna özüniň aýgytly täsirini ýetirdi. Biziň halklarymyzy öz ýurtlarynyň baý we özboluşly medeniýetine we däp-dessurlaryna bolan eserdeň garaýyş we wepalylyk, şeýle hem milli genji-hazynany geljekki nesiller üçin aýap saklamaga ymtylyp ýakynlaşdyrýar. Türkmenistanyň Ýewropanyň we Aziýanyň, Günbataryň we Gündogaryň birleşýän ýerinde, amatly geostrategiki ýerleşmegi bolsa, gadymy döwürlerden bäri türkmen we hytaý halklarynyň arasynda içgin söwda-ykdysady we gumanitar gatnaşyklary alyp barmaga ýardam berýän möhüm şertleriň biri bolup durýar. Biziň halklarymyzyň özara gatnaşyklarynyň şu günler hem dowam edýän ajaýyp däpleriniň emele gelmeginde Hytaý ülkesinden başlanyp Türkmen topragynyň hem üstünden geçen Beýik Ýüpek ýolunyň taryhy ähmiýeti uludyr.

Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň gatnaşyklarynyň iň täze taryhy biziň döwletimiziň garaşsyzlygyny almagy bilen ýakyndan bagly bolup durýar. Hytaý ilkinjileriň hatarynda türkmen döwletiniň Garaşsyzlygyny ykrar eden ýurtlaryň biridir. Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda Aşgabat Hytaýyň hökümet toparynyň ilkinji resmi saparynyň dowamynda ýola goýuldy. Iki döwletiň özara netijeli we deňhukukly hyzmatdaşlygy ýyllary içinde ikitaraplaýyn gatnaşyklarynyň köp ugurlary boýunça tejribe toplanyldy. Şonuň bilen bilelikde, döwletara, hökümetara we pudagara derejelerinde baglaşylan 80-den gowrak resminamadan ybarat bolan ygtybarly halkara-hukuk binýady halkara gatnaşyklary ulgamynda türkmen-hytaý hyzmatdaşlygyny aýdyň we anyk düzgünleşdirýär.

Hytaý Halk Respublikasy dünýäniň ykdysady we senagat taýdan ösen ýurdudyr, onuň giň möçberli we geljegi uly bolan bazary bar. Hökümetiň deňagramly syýasaty alyp barmagy bilen, Hytaý soňky onýyllyklaryň dowamynda dünýäniň okgunly ösýän döwletleriniň arasynda ykdysadyýetiň we sosial pudagyň hemme ugurlarynda öňdäki orunlary eýelemegi başardy. Bu gün Hytaý Halk Respublikasy, halkara durnuklylygynyň we howpsuz ösüşiniň kepilleriniň biri bolmak bilen, sebit we umumydünýä geosyýasatynda bolup geçýän hadysalara özüniň örän uly we möhüm täsirini ýetirýär. Şonuň bilen baglylykda, Türkmenistan bilen Hytaýy olaryň ýakyn daşary global

syýasatyň ileri tutulýan köp meseleleri boýunça meňzeş çemeleşmeleri we garaýyşlary birleşdirýär. Bu iki dostlukly döwlete dünýä arenasynda ikitaraplaýyn diplomatiýanyň, şeýle-de iri halkara bileleşikleriniň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmäge mümkinçilik berýär. Türkmenistan bilen Hytaý parahatçylygyň we ylalaşygyň, ýurtlaryň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň hemmetaraplaýyn giňeldilmeginiň, iki doganlyk halklaryň arasynda medeni we ynsanperwer baglanyşyklarynyň ählumumy garaýyşlaryna ygrarlydyklaryny üýtgewsiz aýan edýärler. Biziň döwletlerimiz durnukly ösüşiň meseleleriniň konstruktiw çözgütlerini öňe sürmek we amala aşyrmak boýunça tutuş dünýä bileleşiginiň umumy tagallalaryny goldaýarlar.

Özara gatnaşyklarynyň häzirki tapgyrynda Türkmenistan we Hytaý Halk Respublikasy, deňhukuklylygyň, konstruktiwliligiň we pragmatizmiň ýörelgelerine daýanyp hem-de olary gyşarnyksyz dowam etmek bilen, häzirkizaman dünýä syýasatynyň we ykdysadyýetiniň hakyky ýagdaýlaryny nazara alýarlar. Biziň döwletlerimiziň uly mümkinçiliklere we geljege eýe bolan hyzmatdaşlygy halklarymyzyň arasynda emele gelen we Türkmenistan bilen Hytaýyň bähbitlerine gönükdirilen baý taryhy tejribä, dostlugyň we özara hormatyň däplerine esaslanýar. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Hytaý Halk Respublikasyna 2007-nji ýylyň iýul aýynda bolan döwlet sapary ikitaraplaýyn gatnaşyklarynyň taryhynda diňe bir hil taýdan eýýamy açman, eýsem hyzmatdaşlygyň şu ugrunyň strategiki häsiýete eýedigini tassyklady. Türkmen Lideriniň Hytaýa saparynyň ýokary derejesi munuň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň arasynda geçirilen gepleşikler, syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-gumanitar ulgamlardaky hyzmatdaşlyklaryň möhüm taraplaryny kesgitlemek bilen, gatnaşyklaryň täze ugurlaryny amala aşyrmak üçin berk binýadyň düýbüni tutdy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Hu Szintaonyň 2008-nji ýylyň awgust aýynda Pekinde, soňra Aşgabatda geçiren duşuşyklary biziň ýurtlarymyzyň arasyndaky bar bolan hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga mümkinçilik berdi. Şeýle-de ol gepleşikleriň netijeleri ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň depginlerini kesgitläp, türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň täze ugurlaryny işjeňleşdirmäge güýçli itergi berdi.

Türkmenistan bilen Hytaýyň soňky ýyllar içindäki syýasy-diplomatiki gatnaşyklary, ilki bilen, üznüksizligi hem-de yzygiderliligi bilen möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Türkmenistanyň Prezidenti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygynyň arasynda geçirilen netijeli gepleşikler,

şeýle hem iki ýurduň ýolbaşçylarynyň halkara dialogynyň beýleki görnüşleri boýunça syýasy söhbetdeşligiň ulgamlaýyn häsiýetine aýdyň şaýatlyk etmek bilen, özara gatnaşyklarynyň giň mümkinçiliklerini açýar. Türkmenistan bilen Hytaýyň Liderleri diňe resmi saparyň çäklerinde özara pikir alyşmak bilen çäklenmän, eýsem halkara duşuşyklaryň dowamynda hem işjeň söhbetdeşligi alyp barýarlar. Mälim bolşy ýaly, biziň döwletlerimiziň Baştutanlary BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasynyň işine gatnaşmagyň çäklerinde Nýu-Ýorkda geçiren duşuşyklarynda döwletara hyzmatdaşlygynyň meseleleri boýunça doly özara düşünişmäniň bardygyny tassyklamak bilen, ýene-de bir gezek birek-birege hormat goýmak we deňhukuklylyk ýörelgelerine esaslanýan ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ähli mümkinçiliklerini giňden ulanmaga özara ygrarlydyklaryny bellediler.

Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky ýokary derejedäki işjeň we oňyn syýasy-diplomatik dialog döwletara gün tertibiniň ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak meselesi nukdaýnazaryndan hem has möhüm ähmiýete eýe bolýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Hytaýa bolan döwlet saparynyň öňüsyrasynda onuň Şanhaýda geçirilýän EKSPO-2010 halkara sergä gatnaşmagy-da hyzmatdaşlygyň şu ugrunyň wajypdygyna şaýatlyk edýär. Biziň döwletimiziň Lideriniň bu uly tutumly bütindünýä sergi çäresine aýratyn gyzyklanma bildirmegi Türkmenistanyň, ilkinji nobatda, özüniň milli bähbitlerine we ileri tutýan ugurlaryna esaslanmak bilen, ähli halkara hyzmatdaşlary bilen köp ugurly ykdysady syýasatyny alyp barmaga ygrarlydygyny görkezýär.

Türkmenistanyň Prezidenti türkmen-hytaý söwda-ykdysady gatnaşyklaryny häsiýetlendirmek bilen, olaryň şu günki döwürde güýçli depgin bilen ösýändigini nygtaýar. Muny ýurtlarymyzyň arasyndaky söwda dolanyşygynyň möçberiniň durnukly ösüp, soňky on ýylyň içinde kyrk essä golaý ýokarlanandygy bilen hem delillendirip bolýar. Häzirki wagtda Hytaý Halk Respublikasy Türkmenistanyň iň iri ygtybarly daşary söwda hyzmatdaşlarynyň biridir. Biziň ýurdumyzda Hytaýyň köp sanly kärhanalary işleýärler we olar nebit-gaz, tellekomunikasiýalar ulgamlarynda, oba hojalyk, ulag, dokma, himiýa we azyk senagatlarynda, saglygy goraýyş pudagynda we gurluşykda hytaý maýa goýumlarynyň gatnaşmagynda onlarça taslamalary amala aşyrylýar.

Şonuň bilen bilelikde, ýangyç-energetika pudagy türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistan hem, Hytaý hem bu ugurda uly mümkinçiliklere eýe. Mälim bolşy ýaly, 2006-njy ýylyň aprel aýynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasy-

nyň Hökümetiniň arasynda Türkmenistan-Hytaý gaz geçirijisiniň taslamasyny amala aşyrmak we Hytaý Halk Respublikasyna türkmen tebigy gazyny satmak baradaky Baş ylalaşyga gol çekildi. Türkmenistandan Özbegistan hem Gazagystanyň üsti bilen Hytaýa energiýa serişdelerini ugratmagyň täze ugruny diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça bu uly möçberli taslama 2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda ýerine ýetirildi. Taraplaryň bilelikdäki tagallalary bilen, bu sene türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň sene ýazgysyna Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky uzak möhletleýin we netijeli hyzmatdaşlygynyň täze tapgyrynyň başlanandygynyň nyşany hökmünde girdi. Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisiniň strategiki taýdan many-mazmuny biziň ýurtlarymyzyň uzak döwürlere dowam etjek mümkinçiliklerine laýyk gelmek bilen, sebit we Bütindünýä ösüşiniň bähbitlerine gulluk edýär. Türkmenistanyň hem Hytaýyň Liderleriniň arasynda birek-birege hormat goýmagyň we ynanyşmagyň ýokary derejesi, şeýle hem hyzmatdaşlygy berkitmekde olaryň syýasy erkin we anyk maksatlara gönükdirilen tagallalary şeýle taslamany amala aşyrmakda kesgitleýji şertleri döredendigini bellemek zerur.

Konstruktiw we netijeli syýasy dialog, özara peýdaly söwda-ykdysady hyzamtdaşlyk, ýangyç-energetika toplumynda iri taslamalaryň üstünlikli amala aşyrylmagy bilen birlikde, türkmen-hytaý gatnaşyklarynda medeni-gumanitar ulgamy hem möhüm orun eýeleýär. Biziň ýurtlarymyzyň halklary baý medeni we ylmy däpleri özünde jemleýän beýik siwilizasiýalaryň nesilleri bolmak bilen, häzirki wagtda hem gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýan gatnaşyklaryny işjeň ösdürip, berkidýärler. Türkmenistan bilen Hytaý ylymda, bilimde, sungatda, edebiýatda hyzmatdaşlygyň uly mümkinçiliklerine eýe bolmak bilen, şu ulgamlarda özara gatnaşyklary has-da ösdürmäge gyzyklanma bildirýärler. Şonuň bilen bir wagtda, türkmen döwletiniň Baştutanynyň pikirine görä, ikitaraplaýyn gatnaşyklarynda bilim we hünärmenleri taýýarlamak pudaklaryna möhüm ähmiýet berilýär. Şu maksat bilen, soňky ýyllarda Hytaýyň ýokary okuw mekdeplerinde Türkmenistandan onlarça talyp ýaşlar tehniki we gumanitar hünärler boýunça bilim alýarlar. Şeýle hem hytaý halkynyň lukmançylykdaky däplerini, köp asyrlyk tejribesini we Hytaýyň şu ugurdaky häzirkizaman üstünliklerini nazara almak bilen, Türkmenistan saglygy goraýyş ulgamynda-da hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň oňat mümkinçilikleriniň bardygyny ykrar edýär.

Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň halkara daşary syýasy arenasynda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşlerdäki hyzmatdaşlygynyň güýçli kuwwaty we geljegi bar. Biziň halklarymyzyň dost-

luga we özara düşünişmeklige bolan gatnaşyklary häzirki döwürde aýratyn many-mazmuna eýedir. Taryhy we medeni gatnaşyklary, dünýä syýasatynyň ileri tutulýan meseleleri boýunça garaýyşlaryň meňzeş ýa-da ýakyn bolmagy, şonuň bilen birlikde, türkmen--hytaý döwletara hyzmatdaşlygynyň ýokary derejesini kesgitleýän wajyp şertler hökmünde seredilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Hytaýa döwlet sapary özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk hem giň gerim bilen ösmegine uly itergi berer we Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň halklarynyň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryny öňküsinden-de pugtalandyrar.

# XXVII BAP
# GÜNORTA AZIÝA ÝURTLARY

Günorta Aziýa ýurtlaryna Hindistan ýarym adasyndaky döwletler we Hindi ummanyndaky adalar girýär. Günorta Aziýa ýurtlaryna Hindistan, Pakistan, Bangladeş, Şri-Lanka, Maldaw Respublikalary, Nepal Şalygy we Butan Korollygy degişlidir. Günorta Aziýa ýurtlarynyň tutýan meýdany 4,5 mln. inedördül kilometre deň, ilatynyň sany 1,5 mlrd. adamdan gowrak. Günorta Aziýa ilatynyň sany boýunça dünýäniň has uly sebitidir. Günorta Aziýa ýurtlarynyň çäginiň uly bölegini düzlükler, peslikler we tekiz daglyklar tutýar. Bu bolsa sebitde hojalygyň dürli ugurlaryny ösdürmäge oňaýly täsir edýär. Günorta Aziýa ýurtlary amatly ykdysady-geografik we ulag-geografik ýerleşişi bilen tapawutlanýar. Sebitiň ýurtlarynyň köpüsi halkara ähmiýetli ulag ýollarynyň çatrygynda ýerleşýär. Ýuwaş we Hindi ummanlarynyň köp sanly gämi gatnaw ýollaryna şu sebitiň portlary hyzmat edýär. Mumbaý, Kalkutta, Karaçi, Kolombo portlarynyň üstaşyr ýükleri geçirmekdäki ähmiýeti uludyr.

## 27.1. Günorta Aziýa ýurtlarynyň umumylygy we aýratynlygy

Günorta Aziýa sebitiniň ýurtlary özüniň fiziki-geografiki gurşawy, döwlet gurluşy, ilatynyň etniki düzümi, konfessional we ilatynyň durmuşynyň sosial-ykdysady şertleri, ykdysady ösüşiniň derejesi bilen tapawutlanýar. Şol bir wagtyň özünde sebitiň döremegini kesgitleýän umumylyklar hem bardyr.

Bu ýurtlaryň arasynda aýratyn-da Ikinji jahan urşundan soňra uly tapawutlar döräp başlady. Syýasy we sosial-ykdysady ösüş derejeleri boýunça olaryň tapawudy güýçlendi.

Taryhy ösüşi we häzirkizaman halkara ýagdaýy boýunça sebitiň ýurtlarynyň ençeme umumylyklary bardyr. Ikinji jahan urşuna çenli bu ýurtlar Ýewropa ýurtlaryna we ABŞ-a bakna bolupdyr.

Ykdysady mümkinçiligi, çäginiň möçberi we ilatynyň sany boýunça Hindistan sebitiň merkezi bolup çykyş edýär. Hindistanyň sebitiň hojalyk, syýasy we medeni ösüşine täsiri agdyklyk edýär.

Sebitiň ähli ýurtlary integrasion topar bolan Günorta Aziýa sebit kooperasiýa assosiýasyna girýär. Toparyň integrasion gatnaşygy pes derejede alnyp barylýar. Sebitara söwda häzirki wagtda jemi daşary söwda dolanyşygynyň 5%-den geçenok. Sebitara ykdysady gatnaşyklaryň gowşak ösmegini birnäçe obýektiw faktorlar kesgitleýär. Sebitiň ähli ýurtlary birmeňzeş çig mallary eksport edýär we daşary bazarda bäsdeş bolup çykyş edýärler. Günorta Aziýa ýurtlarynda (Şri-Lankadan başga) ýokary tarif we tarif däl päsgelçilikleri bar, bu bolsa özara söwdanyň ösmegini düýpli saklaýar. Özara söwdanyň ösmegine täsir edýän sebäplere ýeterlik derejede ösmedik ulag ulgamyny we syýasy gapma-garşylygy hem goşmak bolar.

Sebitiň wajyp strategiki problemasy uzak wagtyň dowamynda ulanylýan çäkli tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak bolup durýar. Şol bir wagtda umumy strategiki mesele Gimalaý dagynyň ummasyz energiýasyny, ýagny 83 müň megawat baha berilýän gidroenergiýasyny netijeli peýdalanmak bolup durýar. Gidroenergiýa baý derýalar Bangladeş, Buton, Hindistan, Nepal we Pakistan döwletleriniň çäginden geçýär, şol sebäpli bu meseläni çözmek sebit ýurtlarynyň has ýakyn kooperirlemegi zerurdyr.

## 27.2. Pakistanyň ykdysadyýeti

Pakistan Yslam Respublikasy Günorta Aziýanyň demirgazyk-günbatar böleginde ýerleşýär. Meýdany 804 müň inedördül kilometr. Ilaty 191 mln. adamdan gowrak. Paýtagty Yslamabat şäheri. Pakistan günbatarda Eýran, demirgazyk-günbatarda Owganystan, demirgazyk-gündogarda Hytaý we günorta-gündogarda Hindistan döwletleri bilen araçäkleşýär.

Pakistan Yslam Respublikasy 1947-nji ýylda özüniň garaşsyzlygyny gazandy.

Ykdysady taýdan işjeň ilatyň 44%-den gowragyny özünde jemleýän we ýurduň 23,1%-e golaý jemi içerki önümini öndürýän pudak bolup, oba hojalygy hyzmat edýär. Şol bir wagtyň özünde gaýtadan işleýän senagatyň (esasan azyk we dokma) paýyna ýurduň jemi içerki önüminiň 18,3%-i düşýär. Uly ýaşdaky ilatyň sowatlylyk derejesi 50%-den geçýär.

Ýurduň sosial-ykdysady meselelerine garamazdan Pakistan köp ugurly ykdysadyýete eýedir. Ýurduň ykdysadyýetinde hususyýetçilik esasy rol oýnaýar. Pakistanyň ykdysadyýetiniň ýyllyk ösüş derejesi 3%-den gowrakdyr. Pakistanyň ykdysadyýetiniň esasy meselesi býujet ýetmezçiliginiň artmasydyr, ol käbir ýyllarda jemi içerki önümiň 10%-inden hem geçýär. Ony çözmegiň esasy guraly bolup içeri we daşary karz pul alma hem-de ýetmezçilikli maliýeleşdirmek syýasaty durýar. Bu bolsa öz gezeginde puluň hümmetiniň gaçmagyny häsiýetlendirýär.

1990-njy ýyllardan başlap Halkara walýuta fondunyň we Bütindünýä bankynyň hödürlemesi esasynda Pakistanyň häkimiýeti liberal ykdysady reformalary geçirip başlady. Reformanyň esasy maksady döwlet býujetiniň we töleg balansynyň ýetmezçiligini azaltmak; hümmetsizlenmegiň derejesini peseltmek; esasy bolsa – ykdysadyýeti kadalaşdyrmazlyk we hususy sektoryň roluny ýokarylandyrmak hem-de milli ykdysadyýeti, kem-kemden daşary döwetler üçin açmak bolup durýar.

XXI asyryň başyndan bäri geçirilýän ykdysady reformalar ykdysady ösüşiň ýokary derejesini gazanmaga mümkinçilik berdi. 2003−2008-nji ýyllar aralygynda ykdysady ösüşiň ýetmezçiligi ep-esli azaldyldy. Döwlet çykdajylaryna gözegçiligiň has güýçlendirilmegi we şol bir wagtda salgyt reformalarynyň geçirilmegi netijesinde býujetiň girdejileri çykdajylardan artyp başlady.

Şol bir wagtda ýurduň salgyt sektorynyň esasy meselesi az sanly salgyt töleýjileriň bolmagydyr (163 mln. ilatynyň diňe 1,5 mln. girdeji salgytlaryny töleýär, galanlary bolsa garyplygy sebäpli tölegden boşadylan).

Hümmetsizlenmegiň garşysyna geçirilen çäreler hem öz oňyn netijesini

berip başlady. Eger 1990-njy ýyllarda hümmetsizlenmegiň ortaça ýyllyk derejesi 10–14% bolan bolsa, bu görkeziji 2004–2008-nji ýyllarda 6–9%-e çenli pese düşdi.

Daşary ýurt maýadarlaryny özüniň gymmat bahaly kagyzlaryna bolan gyzyklanmany artdyrmak we pakistan rupiýasynyň kursuny berkitmek maksady bilen, 1990-njy ýyllaryň başynda Pakistanyň walýuta kanunlygy hem liberallaşdyryldy.

Ýurduň ykdysadyýetinde hususy sektoryň eýeleýän ornuny artdyrmak maksady bilen, Pakistanyň häkimiýeti kärhanalary, şol sanda telekomunikasiýa we käbir energokompaniýalary hususylaşdyrýar. Hususylaşdyrmak işine daşary ýurt maýadarlary hem çekilýär, olar üçin ykdysadyýetiň ähli sektory açykdyr. Döredilen mümkinçiliklere garamazdan, hususylaşdyrmagyň derejesi ýokary däldir. Soňky ýyllarda iri döwlet kärhanalarynyň diňe 5%-e golaý aksiýalary hususylaşdyryldy.

Pakistanda geçirilýän özgertmeleriň ýene-de wajyp ugry, ýurtda erkin eksport-önümçilik zolaklarynyň döredilmegidir. Erkin eksport-önümçilik zolaklarynyň döredilmegi daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge, senagat we oba hojalyk önümçiliklerini guramaçylyga hem-de täze iş orunlarynyň döredilmegine sosial meseleleriň çözülmegine mümkinçilik berdi. Häzirki wagtda ýurtda resmi taýdan şular ýaly zolaklaryň bäşisi hasaba alnan. Bu zolaklaryň ösdürilmegine, taslamalary maliýeleşdirmäge diňe pakistanly däl, eýsem daşary ýurtly telekeçiler hem (aýratyn hem hytaýly telekeçiler) işjeň gatnaşýarlar. Ýurduň içinde toplanýan ýokary derejeli ykdysady ösüşi üpjün etmäge ýetenok. Şol sebäpli maliýeleşdirmegiň daşky çeşmeleri (esasan kömek görnüşinde we hususy daşary ýurt maýalary) köp derejede Pakistanyň ykdysady ösüşini üpjün edýär.

Daşary ýurt kömeginiň esasyny häzirki wagtda zaýomlar (ähli kömegiň 80%-den gowragy), şeýle hem sowgat edilen we muzdsuz pul kömegi tutýar. Döwletiň üsti bilen geçýän daşary ýurt zaýomlarynyň we kömek pullarynyň akymy her ýylda 2 milliard dollara golaýlaýar, ýagny jemi içerki önümiň 3,5%-ine golaý bolýar.

Pakistan Yslam Respublikasy öz çäginde daşary ýurt inwestisiýasyny göni çekmek üçin işjeň syýasaty geçirýär. Emma şol syyasatdan gelýän akym ýylda 1 milliard dollardan geçenok, onuň Pakistanyň ykdysadyýeti üçin toplanan möçberi bolsa bary-ýogy 8 milliard dollardan geçdi (bu möçber ýurduň ykdysadyýetine gönükdirilýän ähli maýa goýumlaryň 4-den 11%-e çenlisini üpjün edýär). Beýik Britaniýa, ABŞ, Hytaý we Pars aýlagynyň döwletleri esasy inwestorlary bolup çykyş edýär.

Daşary ýurtlarda zähmet çekýän raýatlaryň geçirýän pullary wajyp ähmiýete eýedir. 2004–2005-nji maliýe ýylynda onuň möçberi 3,9 milliard dollara deň boldy.

Söwda balansynda importyň elmydama eksportdan artmagy Pakistanyň daşary söwdasynyň baş meseleleriniň biridir. Soňky ýyllarda onuň aratapawudy yzygiderli azalýar (2004–2005-nji maliýe ýylynda – 3,3 milliard dollar). Ýurduň eksportynda haryt strukturasy has çäklidir (ýurduň ähli eksportynyň ¾ bölegi 10-sany önümiň paýyna düşýär) hem-de ähli eksportyň 50%-e golaýy oba hojalyk bilen baglanyşyklydyr. Pakistanyň ykdysadyýetiniň industriallaşdyrylmagy netijesinde soňky ýyllarda eksportyň düzüminde taýýar önümleriň möçberi artýar. Häzirki wagtda Pakistanyň eksportynyň esasy görnüşleri bolup dokma we ýüplük, taýýar egin-eşikler, tüwi, gön-deri çig mal we taýýar önümeler, haly, balyk we balyk önümleri çykyş edýär. Pakistanyň esasy söwda hyzmatdaşlaryna ABŞ, Ýaponiýa, Hytaý, Günbatar Ýewropa we Pars aýlagynyň ýurtlary degişlidir.

Pakistanyň daşary ýurtlara bergisi esasy meseleleriň biri bolup durýar. 2005-nji ýylda daşary ýurtlara bergisiniň möçberi 40 milliard dollara golaýlady. Ýurduň eksportyndan gelýän serişdäniň 34%-den gowragy her ýylda bergileri üzmäge goýberilýär. Ýurduň resmi altyn pul ätiýaçlygy köp däldir. 2006-njy ýylda onuň möçberi 11,5 milliard dollara ýetdi.

## 27.3. Bangladeş sosial-ykdysady modeliniň tapawutly alamatlary

Bangladeş Halk Respublikasy – köp gurluşly agrar-industrial ýurt. Bangladeş dünýäde ilatyň iň gür ýerleşen ýurdy (2014-nji ýylda 144 müň inedördül km meýdanda 159 mln. adam ýaşaýar). Bangladeşde ilatyň tebigy artyşy ýokary bolup, ol her ýylda 0,6%-e golaýdyr. BMG-niň klassifikasiýasyna görä Bangladeş 43 sany has pes ösen dünýä ýurtlarynyň hatarynda durýar. Ilatynyň 1/3 böleginiň girdejisi bir günde 1 dollara-da ýetenok.

Oba hojalyk Bangladeşiň ykdysadyýetiniň esasy pudagy. Ilatyň 64%-i oba hojalyk bilen meşgullanýar. Jemi içerki önümiň 30%-e golaýy şu pudagyň paýyna düşýär. Bangladeş döwletiniň esasy eksportyny hem oba hojalyk üpjün edýär.

Bangladeş döwletiniň ykdysadyýeti oba hojalyk bilen ýakyn baglanyşykly, senagat pudaklaryna-dokma we tikin, çaý, jut we gön-deri önümçiliklerine esaslanýar. Şol bir wagtda ýurtda häzirkizaman pudaklary bolan farmaseftika, himiýa, elektrotehnika,

elektron önümçilikleri hem bar. Bu önümçilikleriň ösmeginde daşary ýurt maýa goýumlary wajyp orny eýeleýär. Soňky ýyllarda daşary ýurt inwestisiýasyny çekmegiň hasabyna gaz senagaty ýokary depginde ösýär. Ilatyň pes derejedäki bilim derejesi, ýokary kadaly toplanmanyň ýetmezçiligi häzirkizaman pudaklaryny ösdürmäge esasy päsgelçilik bolup durýar.

Garaşsyzlygy gazanmagynyň birinji on ýyllygynda (1971-nji ýyldan başlap) Bangladeşiň häkimiýeti importa garşy modeli alyp bardy. 1980-nji ýyllaryň ortasyndan başlap ýurtda ýuwaş-ýuwaşdan geçýän eksporta niýetlenen açyk ykdysadyýet ýöredildi hem-de içerki hojalyk we daşary ykdysady sfera liberallaşdyrylyp başlandy. Şu modeliň ýöredilmegi netijesinde Bangladeşiň ykdysadyýetiniň ösüş derejesi ýylsaýyn ýokarlanyp başlady. 2001–2008-nji ýyllarda Bangladeşiň jemi içerki önüminiň ösüş derejesi 5–6%-e çenli ýokarlandy (bu görkeziji 1990-njy ýyllarda 4,8% we 1980-nji ýyllarda 4,4%-e deň boldy).

1990-njy ýyllaryň ahyryndan başlap käbir döwlet kärhanalarynyň hususylaşdyrylmagy, zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna we enjamlar parkynyň täzelenmegine getirdi. Hususy sektoryň tutýan ornunyň berkemegi häzirki wagtda ýurtda hereket edýän iki sany – Dokk we Çittagont erkin ykdysady-önümçilik zolagynyň döremegine getirdi. Bangladeşiň häkimiýeti geljekde şular ýaly zolaklaryň ýene-de birnäçesini döretmegi meýilleşdirýär.

Ykdysadyýetiň karz-bank ulgamynda hem bellibir özgertmeler geçirilýär. Ýurtda iki sany, ýagny Dokk we Çittagont fond biržalarynda 350-den gowrak kompaniýalaryň gymmat bahaly kagyzlary aýlanýar. Söwdanyň jemi orta günlük aýlawy – 1,5 mln. dollardan geçýär.

Bangladeşiň ykdysadyýetiniň esasy maliýe problemasy bolup, býujetiň çenden aşa ýetmezçiligi çykyş edýär. (JIÖ-niň 5%-e golaýy), şonuň hem ýarpysyna golaýy daşyndan gelýän serişdeleriň (häzirki wagtda daşary ýurtlara bergisi 21 mlrd. dollardan geçýär) we azalýan altyn pul ätiýaçlyklaryň hasaplaryna ýapylýar (häzirki wagtda ätiýaçlylyk serişdeleri 3,4 mlrd. dollara deň). Ýurtda maliýe problemasynyň döremegine esasy täsir edýän sebäpleriň biri döwlet eýeçiligindäki köp sanly düşewüntsiz kärhanalary uly möçberli döwlet harajatlarynyň hasabyna saklanmagydyr. Ýurduň sosial aýratynlygyna görä häzirki wagtda bu kärhanalary hususylaşdyrmak mümkin däl (ikinji nobatda ilatyň sanynyň we işsizligiň ýokary derejede artmagy sebäpli).

Daşary ýurt maýasynyň akymy, ilkinji nobatda, daşary ýurtlaryň kömek serişdeleri Bangaldeşiň ykdysadyýetinde aýgytly rol oýnaýar. Şol serişdeleriň hasabyna býujet çykdajylarynyň 20%-ne golaýy maliýeleşdirilýär.

Bangladeşde göni çekilen daşary ýurt inwestisiýasyndan toplanan puluň

möçberi uly däldir, ol bary-ýogy 3 mlrd. dollardan geçýär. Daşary ýurt maýa goýumlary üçin liberal şertleriň döredilmegine garamazdan, ýurtda inwestision klimat amatsyzdyr. Syýasy durnuksyzlyk, ýokary derejedäki parahorlyk we jenaýatçylyk, könelişen kanun esaslary, pes ösen infrastruktura göni goýberilýän daşary ýurt inwestisiýasyny çäklendirýär.

Päsgelçilik berýän faktorlara garamazdan daşary ýurtly hyzmatdaşlar ýurduň erkin eksporta niýetlenen zolaklaryndaky inwestision taslamalar bilen has işjeň gatnaşýarlar.

Ýurduň hyzmatlar eksportynyň düzüminde işçi güýjüniň eksporty wajyp orny eýeleýär. Daşary ýurtda işleýän raýatlaryň yzygiderli geçirýän pul serişdeleriniň ähmiýeti döwlet üçin umumysyzdyr. Her ýylda daşary ýurtlarda işleýän raýatlar 2 mlrd. dollara golaý pul geçirýärler.

Daşary söwda Bangladeşiň ykdysadyýetinde çendenaşa wajyp orny eýeleýär, sebäbi ýurduň eksport kwotasy 14% gowragyny tutýar. Soňky onýyllygyň dowamynda daşyndan getirilýän çig mallaryň we enjamlaryň hem-de daşary ýurt firmalarynyň buýurmasy esasynda we arzan işçi güýçleriniň giňden ulanylmagy netijesinde tikin senagaty güýçli derejede ösýär. Taýýar eşikler, şol sanda trikotaž önümleri eksportyň esasy görnüşi boldy. Häzirki wagtda ýurduň eksportynyň 75%-ini tikin senagatynyň önümleri tutýar. Şol bir wagtda jut we jut önümleriniň eksporty 1980-nji ýylda 68% bolan bolsa, bu görkeziji 2008-nji ýylda 1%-e çenli aşaklady.

## 27.4. Şri-Lankanyň sosial-ykdysady modeliniň esasy alamatlary

Şri-Lankanyň daşary söwdasy elmydama importyň eksportdan esasy artýanlygy bilen häsiýetlendirilýär. Ýurduň esasy eksport önümlerine çaý (12–14%) kauçuk, gymmat bahaly daşlar we soňky ýyllarda tikin önümleri (egin-eşikler) degişlidir. Ýurduň importynda maşyn we enjamlar, himiýa senagatynyň önümleri agdyklyk edýär.

Şri-Lanka Demokratik Sosialistik Respublikasy orta derejedäki döwletleriň hatarynda durýar. Ýurduň jemi içerki önümi 87 mlrd. dollar, jan başyna düşýäni bolsa 4,3 müň dollara deňdir. Oba hojalygynda ilatynyň 38%-e golaýy zähmet çekýär. Ýurduň jemi içerki önuminiň 18%-i şu pudagyň paýyna düşýär.

Senagat ýurduň jemi içerki önüminiň 27%-ini berýär we bu pudakda ilatynyň 17%-e golaýy zähmet çekýär. Esasan erkin senagat zolaklarynda eks-

porta niýetlenen önümler öndürilýär hem-de çaý we kauçuk ilkinji gezek gaýtadan işlenilýär.

Toplanan pullaryň möçberi JIÖ-niň 27%-ini düzýär. Emma 1983-nji ýyldan bäri dowam edýän singal-tamil milletara çaknyşygy ykdysadyýetiň ösüşini bellibir derejede togtadýar.

2002-nji ýyldan başlap ýurtda ykdysadyýeti ösdürmäge we ykdysady durnuklylygy gazanmaga gönükdirilen sosial-ykdysady ösüş Maksatnamasy amala aşyrylýar. Onuň esasy meselesi – döwlet bergisiniň möçberini azaltmak, ykdysady ösüşi höweslendirmek, işsizligiň garşysyna göreşmek we ilatyň girdejisini ýokarlandyrmakdyr. Bu maksatnamanyň ilkinji ugry bolup salgyt we maliýe ulgamynyň reformasy, energetiki meseleleri çözmek, ýurduň balyk hojalygyny dikeltmek, ösdürmek we başgalar durýar.

Şri-Lanka döwletine göni gelen daşary ýurt inwestisiýasynyň toplanan möçberi bary-ýogy 3 milliard dollar möçberinde berilýän daşary ýurt kömek pullary Şri-Lankanyň sosial-ykdysady ösüş şertlerinde has wajyp rol oýnaýar.

## 27.5. Türkmenistanyň Günorta Aziýa ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy

Türkmenistanyň daşary söwdasynda sebitde ýerleşen ýurtlar bilen hyzmatdaşlygyň dürli görnüşlerini ösdürmek esasy ugurlaryň biri bolup durýar. Munuň özi dünýä hojalygynyň häzirki ösüş meýilleriniň biridir. Günorta Aziýa ýurtlary bilen hususan-da Pakistan bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklar barha giň gerime eýe bolýar. Ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynda Pakistan görnükli orun tutýar. Türkmenistan Pakistana ýangyç energetika toplumynyň, dokma senagatynyň önümlerini ugradýar. Pakistandan oba hojalyk, dokma senagatynyň önümlerini import edýär. Ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan gurluşyk işlerinde pakistanly gurluşyk kompaniýalarynyň hem goşandy uludyr.

Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmekde Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan (TOPH) gaz geçirijisiniň ähmiýeti örän uludyr. Pakistanyň çalt artýan ilaty, senagaty energiýa bolan isleginiň barha ösmegine getirýär. Türkmenistandan gözbaş aljak iri gaz geçiriji Pakistanyň energiýa bolan islegini doly kanagatlandyrýar. Bu geçiriji ýurtlaryň arasyndaky dürli gatnaşyklary ösdürmäge hem täze mümkinçilikleri açar.

Taraplaryň arasyndaky medeni-ynsanperwer ulgamdaky gatnaşyklar barha çuňlaşýar. Her ýylda diýen ýaly ýurtlaryň medeniýet günleri geçirilýär. Pakistanda bolan tebigy betbagtçylykda ýurdumyzdan ynsanperwer kömegiň ugradylyp durulmagy taraplaryň arasyndaky gatnaşyklaryň ýokary derejelere çykandygyny ýene-de bir gezek subut edýär.

Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisi türkmen-pakistan hyzmatdaşlygyna aýratyn ähmiýet berer. Bu gaz geçirijiniň Pakistanyň çäginden geçýän böleginiň uzynlygy 826 kilometre deň bolup, ol ýurduň Kwetta we Miltan şäherleriniň çäklerinden geçip, Hindistanyň Fazilka ilatly nokadyna ýeter.

Bu gaz geçiriji ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklary ýokary derejä çykarar we sebitiň durnukly ösüşine ýardam eder.

# XXVIII BAP
# HINDISTANYŇ YKDYSADYÝETI.

## 28.1. Hindistanyň ykdysady-geografik ýerleşişi, tebigy resurslary we demografiki ösüşi

Hindistanyň ykdysady-geografik ýerleşişi onuň hojalygynyň ösmegi üçin amatlydyr. Hindistan Respublikasy Günorta Aziýanyň merkezinde ýerleşip, onuň günbatar, günorta we gündogar kenarlary Arap deňziniň we Bengal aýlagynyň suwlary bilen ýuwulýar. Üç tarapy açyk deňiz bilen araçäkleşen bu ýurduň kenarýaka çäkleriniň (serhetleriniň) umumy uzynlygy 7,5 müň km bolup, onuň 5,4 müň km yklyma we 2,1 müň km adalara degişlidir. Munuň özi ýurduň ykdysady-geografik ýerleşişiniň aýratyn amatlyklaryny döredýär. Hindistanyň kenarýakalarynyň üstünden dünýäniň söwda ýollary geçýär. Bu bolsa ähli yklymlar bilen aragatnaşyk etmäge giň mümkinçilik berýär. Ýurduň demirgazygynda dünýäniň iň beýik dag ulgamlary bolan Gimalaý we Garakorum ýerleşýär. Bu dag ulgamlary ulag ulgamyny we söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmäge bellibir derejede päsgelçilik döredýär. Şol sebäpli Hindistan Respublikasynyň daşary söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň uly bölegi deňiz ýollary arkaly amala aşyrylýar. Hindistan günbatarda Pakistan, demirgazyk-gündogarda Hytaý, Nepal we Butan, gündogarda Bangladeş we Mýanma döwletleri bilen araçäkleşýär. Jedelli Jammu we Kaşmir ştatynyň çäkleri Owganystan bilen araçäkleşýär.

Hindistan Respublikasy tutýan meýdany (3,3 mln. inedördül km-e golaý) boýunça dünýäde ýedinji orunda durýar. Hindistan ýer üstüniň gurluş häsiýeti boýunça üç görnüşe bölünýär. Ýurduň demirgazygy Gimalaý we Garakorum beýik dag ulgamy tutýar. Dag ulgamyň günortasynda giň Gang düzlügi, ondan günortada bolsa Dekan tekiz daglygy ýerleşýär. Ýurduň çäginiň uly böleginiň düzlükde we tekiz daglykda ýerleşmegi hojalyk hem-de inžener-gurluşyk işlerini alyp barmaga oňaýly täsir edýär. Hindistan Federatiw Respublika bolup, ol 28 sany ştata, 6 sany soýuz territoriýalara hem-de Deli Milli merkezi okruga bölünýär. Ähli ştatlar we soýuz territoriýalar dolandyryş we häkimiýet birlikleri bolan okruglara bölünýär. Ýurtda 600-den gowrak okruglar hereket edýär. Okruglar hem öz gezeginde has kiçi dolandyryş birligi bolan taluklara bölünýär.

Hindistanda çygly hem-de gurak tropik, mussonly subtropik we beýik dagly klimat agdyklyk edýär. Hindistanyň klimatyna Gimalaý dagy we Tar çöli güýçli täsirini ýetirýär. Gimalaý dagy sowuk Merkezi-Aziýa ýellerini özünden geçirmän, Hindistanyň uly böleginde ýyly we ýumşak klimaty üpjün edýär. Tar çöli bolsa çygly günorta-günbatar tomus mussony çekmekde esasy rol oýnaýar. Ygallaryň ýyllyk möçberiniň 80 göterimi tomusky günorta-günbatar mussonyň döwrüne düşýär (iýun-oktýabr). Ýylyň beýleki wagtlarynda ýurduň çäginiň uly böleginde otnositel salkyn demirgazyk-gündogar passat (noýabr-fewral), şeýle hem örän yssy we gurak geçiş (mart-maý) döwürleri agdyklyk edýär. Ýurduň çägine düşýän bol ýylylyk ekerançylygy bütin ýylyň dowamynda alyp barmaga, her ýylda iki hasyl almaga mümkinçilik berýär. Ygalyň iň köp düşýän ýeri Günbatar Gat we Gimalaý (ýylda 600 mm-e çenli). Dünýäniň iň ygally ýeri bolan Şillong tekiz daglygyna ýylda 12 000 mm-e golaý ygal düşýär. Ygalyň iň az düşýän ýerlerine Tar çöli (100 mm-e golaý) we Indostanyň merkezi bölegi (300–500 mm) degişlidir. Hindistanyň içerki suwlary köp sanly derýalardan ybaratdyr. Ýurduň derýalary iýmitleniş çeşmeleri boýunça «gimalaý» we «dekan» toparlaryna bölünýär. Gimalaý toparyna degişli derýalar (Gang, Brahmaputra) esasan gar-buzlardan we ýagyşlardan iýmitlenip, ýylyň dowamynda doly akymynda akýarlar. Dekan tekiz daglygyndan gözbaşyny alýan derýalar (Godawari, Mahanadi, Krişna, Narmada) esasan ýagyşlardan, mussonlardan iýmitlenýärler. Şonuň üçin bu derýalaryň akymy güýçli üýtgäp, iýundan oktýabr aýlary aralygynda joşup durýar. Hindistanyň derýalarynyň köpüsiniň suwaryş çeşmesi, elektroenergiýa almak hem-de derýa ulag ýollary hökmünde ähmiýeti uludyr.

Hindistanyň çäginde ýaýran mes topraklar ekerançylygy ösdürmek üçin amatly şert döredýär. Gang düzlüginde derýalaryň getiren mes topraklary ýaýrandyr. Ýurduň uly bölegini tut-

ýan dekan tekiz daglygynyň toýunly topraklary tebigy mesligi bilen tapawutlanýar. Maldarçylyk üçin tebigy ot binýady çäkli. Oba hojalygynda ýaramly meýdanlaryň esasy bölegi sürümli ýerlerdir. Hindistan biodürlülige baý ýurtdur. Ösümlik dünýäsiniň 33%-i endemikdir. Hojalyk işleriniň artmagy we medeni çäkleriň giňelmegi netijesinde tokaý baýlyklarynyň tutýan meýdany yzygiderli azalýar. Andaman adalarynda tropiki ygally, daglyk sebitlerinde bolsa pürli tokaýlar ýerleşýär. Tokaýlar häzirki wagtda ýurduň çäginiň 20 göterimini tutýar. Ilatyň ýokary gürlügi we tebigy landşaftlaryň uly derejede özgerdilmegi Hindistanyň haýwanat dünýäsiniň düýpli azalmagyna getirdi. Hindistanyň özboluşly biologiki baýlyklaryny gorap saklamak we baýlaşdyrmak maksady bilen, ýurtda 500-den gowrak milli seýilgähler we goraghanalar, şol sanda 13 sany biosfera goraghanalary döredildi.

Hindistanyň köp görnüşli we uly gorly tebigy resurslary ýurduň ykdysady taýdan ösdürilmegine oňaýly täsirini ýetirýär. Energetiki resurslardan daş kömrüň gorlary uly ähmiýete eýedir. Daş kömrüň uly gorlary ýurduň demirgazyk-gündogar, goňur kömrüň gorlary bolsa günorta-gündogar böleginde ýerleşýär. Hindistanyň monasitli çägelerinde energiýanyň wajyp çeşmesi hasaplanýan, radioaktiw element bolan toriniň uly gorlary jemlenendir. Ýurduň günbatarynda we Arap deňiz kenarynda nebitiň we gazyň gorlary bar. Ýurt demir we marganes magdanlarynyň, boksitiň dünýä ähmiýetli gorlaryna eýedir. Hindistanda mis, wolfram, kobalt magdanlarynyň, altynyň, almazyň, uranyň iri senagat ähmiýetli gorlary jemlenendir.

Hindistan Respublikasy ilatynyň sany boýunça (1,3 mlrd. adama golaý) dünýäde Hytaýdan soň ikinji orunda durýar. Dogluşy kemeltmek maksady bilen alnyp barylýan demografik syýasata garamazdan, Hindistanda ýokary tebigy artyş saklanýar. Ilatyň tebigy ösüşi her ýyl 1,3 göterimden geçýär. Ilatyň 30% golaýy 14 ýaşa çenli çagalardan we ýetginjeklerden, 65 göterime golaýy 15–65 ýaş aralygyndaky we 5 göterimden gowragy 65 we ondan ýokarky ýaşdakylardan ybaratdyr. Ilatyň ýokary tebigy ösüşi we köp sanly ýaş nesli iş bilen üpjün etmek meselesi wajyp ähmiýete eýedir. Ilatynyň sanynda erkek adamlar agdyklyk edýär. Ilatyň 51,5%-i erkek adamlar, 48,5%-i aýal adamlar. Hindistanyň ilatynyň sowatlylygynyň orta görkezijisi 64,8%-e deň.

Hindistanda ilatyň gürlügi 1 kw. km. ortaça 390 adama deň. Ilatyň ýerleşişi deň däldir. Deňiz kenarýaka çäklerinde ilatyň gürlügi 1 kw. km 700 adama ýetýär, Gang düzlüginde 400-450, demirgazykdaky daglyk çäklerde bolsa 20–25 adama ýetýär. Hindistanyň ilatynyň 70%-e golaýy oba ýerlerinde ýaşaýar. Uly şäherleriň sany boýunça Hindistan Russiýadan we Hytaýdan soň üçünji ýerde durýar. Ilatynyň sany boýunça Mumbaý (13,7 mln. adam), Deli (12,1), Bangalor (5,2), Kolkata

25. Sargyt № 1094.

(5,1), Çennaý (4,6), Haýdarabad (4,0), Ahmadabad (3,9 mln. adam) şäherleri tapawutlanýar. Mumbaý dünýäniň iň uly şäherleriniň biri bolup, Hindistanyň durmuşynda wajyp orny tutýar. Mumbaý Hindistanyň port, senagat, maliýe, söwda we medeni merkezidir.

Hindistan işçi güýjüniň sany boýunça (520 mln. adam) dünýäde ikinji orunda durýar. Şol bir wagtyň özünde ýurtda, aýratyn hem oba ýerlerinde we kiçi şäherlerde ýokary hünärli, häzirkizaman tilsimatlaryny dolandyryp bilýän hünärmenleriň ýetmezçiligi duýulýar. Ýokary depginde sany artýan işçi güýjüni iş bilen üpjün etmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr. Işçi güýjüniň 60%-i oba hojalyk, 28%-i hyzmatlar we 12%-i senagat pudaklarynda zähmet çekýärler.

Hindistan köp milletli ýurtdur. Hindistan iki sany uly hindi-ariý we drawidiý dil maşgalalarynyň watanydyr. Hindi iň giň ýaýran dil bolup, ol resmi döwlet dilidir. Iňlis dili dolandyryşda, işewürlikde we bilimde «kömekçi resmi dil» derejesine eýedir. Ilatyň uly böleginiň gürleýän 21 sany dili resmi taýdan Hindistan Respublikasynyň konstitusiýasynda kesgitlenen.

Hindistanyň halklary dürli dinlere uýýarlar. Ilatyň 80%-i induizm dinine uýýar. Beýleki dinlerden yslam (14%), hristian (2,4%), sikhizm (2,0%), buddizm (0,7%) dini hem bar.

## 28.2. Hindistanyň dünýä hojalygynda tutýan orny. Hojalygynyň ösüş aýratynlyklary

Hindistan 150 ýylyň dowamynda Beýik Britaniýanyň golastynda boldy. Kolonial şert we koloniýadan öňki sosial-ykdysady özboluşlylygyň aýratynlygy uly derejede ýurduň milli hojalygynyň düzümini kesgitledi. Syýasy garaşsyzlygyny gazanandan (1947-nji ýyl) soňky döwürdäki ykdysady ösüşi iki sany iri döwre bölmek bolar. Onuň birinjisi garaşsyzlygy alan ýylyndan başlap 1990-njy ýyla çenli, ikinjisi bolsa 1990-njy ýyldan şu wagta çenli bolan döwri alýar. Birinji döwrüň ykdysady syýasaty «Gatyşyk ykdysadyýetli» ugra esaslanyp, onda döwlet hojalyk gurluşygyna işjeň gatnaşyp, kolonial ykdysadyýeti düzümleýin, tehnologik hem-de çäkleýin özgertdi. Döwlet eýeçiligi ýurduň ykdysadyýetinde möhüm ähmiýete eýe boldy. 1990-njy ýylyň başyna ýurduň jemi içerki önüminiň 25% gowragy döwlet eýeçiliginiň paýyna düşdi. Esasy milli hojalyk pudaklaryň 28-si döwlet gözegçiligindedi. Hususy milli maýa goýum diňe ýeňil we azyk senagat kärhanalaryna eýelik edýär. Senagatyň ösüş derejesi içerki islegi doly kanagat-

landyryp bilmeýärdi. Oba hojalygynda geçirilen möhüm özgerişlikler netijesinde pudagyň önümliligi ýokarlanýar. 1990-njy ýylyň başyna «Gatyşyk ykdysadyýetli» model öz mümkinçiligini doly gutardy. Milli hojalygyň wajyp pudaklaryna esaslanýan döwlet sektory ýokary girdejili işläp bilmedi. Bu bolsa býujet ýetmezçiligine, bahalaryň galmagyna we inflýasiýa getirdi. Şonuň üçin, 1990-njy ýyldan başlap «Gatyşyk ykdysadyýetli» modeliň köp alamatlaryny özünde jemleýän täze sosial-ykdysady özgerişlikli – ykdysadyýeti liberallaşdyrýan, döwlet sektorynyň täsirini azaldýan täze döwre geçilip başlandy. Hindistanyň ykdysady ösüşiniň ikinji döwründe esasan, oba hojalyk önümçilik bazarynda bäsleşikli şert döretmekden ugur alyndy. Oba hojalygynda ykdysady işjeňlige we bazar ýörelgelerine oňaýsyz täsir eden döwlet gözegçiligi we düzgünleşdirilmegi ýatyryldy. Senagatda döwlet aktiwiniň bir bölegi hindi telekeçilerine satyldy, döwlet kärhanalaryna hususy maýa goýumlaryny gönükdirmäge mümkinçilik döredildi. Geçirilýän ykdysady reformalar netijesinde Hindistan Respublikasynyň çykdajyly ykdysady modeli ýokary ösüşli ulgam bilen özgerdildi. Bu bolsa býujet ýetmezçiliginiň azaldylmagyna, inflýasiýanyň pese gaçmagyna hem-de ýurduň ykdysady ösüş depgininiň yzygiderli ýokarlanmagyna getirdi. Ýagny 1990-njy ýyllarda Hindistanyň jemi içerki önüminiň ortaça ösüş depgini 5,8%-e deň bolan bolsa, bu görkeziji XXI asyryň birinji onýyllygynda 8%-e golaý ýokarlandy. Amala aşyrylýan ykdysady özgertmeler Hindistan döwletiniň dünýä hojalygyna amatly goşulyşmagyna oňaýly şert döretdi. Ýurduň ykdysadyýetine erkin ýagdaýda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek maksady bilen, degişli kanunlar kabul edildi.

Kiçi önümçilik Hindistanyň industrial aýratynlygydyr. Ýurduň kiçi önümçiligi adaty we häzirkizaman görnüşlerine bölünýär. Adaty önümçilik hünär-senetçilik görnüşde bolup, ol esasan el zähmetine we sada gurallara daýanýar. Bu önümçilikler esasan ýurduň oba ýerlerinde we kiçi şäherlerinde ösendir. Adaty kiçi önümçilikler nah mata, haly dokamaga, sada gurallary, altyndan, kümüşden, misden dürli şaý-sepleri öndürmäge ýöriteleşen. Adaty kiçi kärhanalaryň sany 3,5 milliona golaý bolup, olaryň öndürýän önümleri içerki we daşarky bazarlara ugradylýar. Häzirkizaman kiçi önümçilikler düýpli maýa goýumlaryň möçberi boýunça kesgitlenýär. Häzirkizaman tehnologiki enjamlar bilen üpjün edilen bu kiçi önümçilikler esasan şäherlerde ýerleşýär. Häzirkizaman kiçi kärhanalaryň paýyna ýurduň senagatynyň esasy maýasynyň 5%-i we senagat pudaklarynda işleýänleriň 1/3-i düşýär. Häzirkizaman kiçi kärhanalaryň öndürýän önümleri köp ugurlydyr. Elektronika, kompýuter, gurallar, stanok we enjamlar öndürmek

kiçi kärhanalarda has ösen ugurdyr. Hindistanyň eksportynyň üçden bir bölegi kiçi önümçilikleriň paýyna düşýär. Ýurduň ykdysady syýasaty kiçi telekeçiligiň ähli görnüşlerini dürli ugurlar boýunça ösdürmäge gönükdirilendir.

Hindistan Respublikasy industrial-agrar ýurtdur. Hindistanda hojalygyň ähli ugurlary ösdürilýär. Ýurduň milli hojalygynda oba hojalygy, hyzmatlar we senagat aýratyn orny tutýar. Jemi içerki önümiň 28%-i oba hojalygyň, 54%-i hyzmatlaryň we 18%-i senagatyň paýyna düşýär.

Hindistan senagat taýdan ösen ýurt. Ýurduň işçi güýçleriniň 12%-i we jemi içerki önümiň 18%-i şu pudagyň paýyna düşýär. Hindistanda senagat pudaklarynyň dürli ugurlaryny ýerleşdirmek we ösdürmek üçin köp görnüşli tebigy resurslar we sosial şertler bar. Kolonial döwürde ýurduň senagaty diňe mineral çig-mallary gazyp almaga, ýeňil we azyk önümçiligine ýöriteleşýärdi. Garaşsyzlyk ýyllarynda Hindistanyň senagaty pudaklaýyn we çäkleýin özgerdi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda ýeňil senagaty güýçli depginde ösdürildi. Soňky ýyllarda ýurduň senagatynyň düzüminde ýeňil we azyk senagat pudaklary bilen bir hatarda, düýpgöter täze önümçilikler, şol sanda, maşyn gurluşygynyň dürli pudaklary uly ösüşlere eýe boldy. Eger, 1950-njy ýyllarda dokma pudagy ýurduň senagat önüminiň 50%-e golaýyny beren bolsa, häzirki wagtda bu görkeziji 12%-e çenli pese gaçdy. Şol bir wagtyň özünde maşyn gurluşygynyň önümi 8-den 22%-e çenli ýokarlandy. Täze senagat gurluşygy önümçiligiň ýerleşişine hem öz täsirini ýetirdi. Kolonial döwürde Hindistanyň senagat kärhanalary esasan iri hem-de port şäherlerde jemlenipdi. Häzirki wagtda öňki kärhanalaryň ösüşine ýardam bermek bilen bir hatarda, täze şäherlerde täze önümçilikler döredilýär. Täze önümçilikler esasan, ýokary taýýarlykly hünärmenleriň bar ýerlerinde döredilýär. Senagatyň esasy pudaklaryna awtomobil gurluşygy, himiýa, sement, azyk, elektronika, maşyn-gurluşygy, tebigy baýlyklary gazyp alýan, nebit, farmasewtika we dokma önümçilikleri degişlidir.

Hindistanyň ýokary depginli ykdysady ösüşi uly möçberde energoresurslary talap edýär. Şol sebäpli ýurtda sarp edilýän energoresurslaryň möçberi yzygiderli artýar. Häzirki wagtda Hindistan nebitiň sarp edilişi boýunça dünýäde altynjy, daş kömrüň sarp edilişi boýunça bolsa üçünji ýerde durýar. Hindistanyň energetika hojalygy öň esasan ýurduň gündogar böleginde gazylyp alynýan kömre esaslanýardy. Häzirki wagtda Arap deňiz kenarynda we ýurduň günbatarynda nebit gazylyp alynýar. Ýurtda nebitiň çykarylyşynyň hem-de onuň importynyň artmagy netijesinde ýangyç balansy özgerdi. Hindistanda öndürilýän elektroenergiýanyň uly bölegi ýylylyk elektrostansiýalaryň paýyna düşýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda iri gidro we atom elektrostansiýalary

işe girizildi. Hindistanyň energetika pudagynyň ösmegi bilen daşary ýurtlardan import edilýän ýangyjyň we elektroenergiýanyň möçberi bellibir derejede azalýar. Hindistanyň metallurgiýa zawodlary daşkömrüň hem-de demir we marganes magdanlarynyň gazylyp alynýan gündogar sebitindäki Bokaro, Durganpur, Rourkela, Bhilaý, Wisakhapnamed şäherlerinde ýerleşýär. Bu zawodlar ýurduň metala bolan isleglериniň uly bölegini üpjün edýär. Ýurduň agyr maşyn-gurluşyk kärhanalary gara metallurgiýa zawodlaryň golaýynda jemlenendir. Ulag, çylşyrymly maşyn-gurluşyk kärhanalary Kolkata, Mumbaý, Ahmadabad, Çennaý, Çittarandjan, Rançi şäherlerinde ýerleşýär. Bu zawodlar esasan metal kesiji stanoklary, elektrotehniki enjamlary, ulag we oba hojalyk maşynlaryny öndürýär. Hindistanyň reňkli metallurgiýa pudagynda alýumin önümçiligi ösendir. Ýurduň demirgazyk-gündogar çäginde ýerleşen alýumin çig mallarynyň golaýynda alýumin öndürýän kärhanalar hereket edýär. Soňky ýyllarda Hindistanda ylmy hünärmenleri talap edýän atom, elektron, aerokosmiki pudaklary ösýär. Himiýa senagatynda nebit-himiýa, farmasewtika we dökün öndürmek ösendir. Sandri şäheri ýurduň himiýa senagatynyň merkezi hasaplanýar. Gurluşyk materiallary öndürýän kärhanalar esasan, sement önümçiligine ýöriteleşendir. Ýeňil senagat pudaklarynyň arasynda dokma we aýakgap önümçiligi has ösendir. Nah matalar, jut önümleri, ýüň ýaglyklar, halylar we keçeler ýeňil senagat pudagynyň esasy eksport harytlarydyr. Azyk senagaty ýerli çig mallaryň esasynda ösümlik ýaglaryny, gant, dürli şerbet, balyk önümlerini öndürmäge ýöriteleşýär.

Hindistanyň tebigy şertleri ýurduň çaginiň uly böleginde oba hojalyk pudaklaryny ösdürmek üçin amatlydyr. Hindistanyň işçi güýçleriniň uly bölegi, ýagny, 60%-i oba hojalyk pudaklarynda zähmet çekýärler. Hindistanyň oba hojalyk önümleriniň uly bölegini ekerançylyk pudagy berýär. Ýurduň sürüm meýdanlary 141 mln. gektardan gowrak bolup, şonuň 15 mln. gektarynda ýylda iki gezek ekin ekilýär. Hindistanyň esasy ekerançylyk zolagy Hindi-Gang pesliginde ýerleşýär. Hindistanyň ekin meýdanlarynyň uly bölegini, ýagny 80%-den gowragyny azyk ekinleri tutýar. Azyk ekinlerinden esasan şaly, bugdaý, mekgejöwen ösdürilip ýetişdirilýär. Şaly ekerançylygy deňiz kenar ýakasyndaky pesliklerde, Gangyň we Brahmaputranyň aşak we orta akymlarynda has ösendir. Bugdaý Gang derýasynyň ýokary we orta akymlaryndaky suwarymly ýerlerde ekilýär. Darynyň esasy bölegi Dekan tekiz daglygynda ekilýär. Tehniki ekinlerden esasan gant çiňrigi, gowaça, jut, çaý ösdürilip ýetişdirilýär. Gant çiňrigi Gang derýasynyň jülgesinde, gowaça Dekan tekiz daglygynyň demirgazyk-günbatarynda hem-de Hindi-Gang derýa aralygynda ekilýär. Pagtany ösdürip ýetişdirmek boýunça Hindistan dünýäde ikinji ýerde durýar. Ýurtda

arahis, tagamly nygmatlary, kofe ösdürip ýetişdirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Çaý Hindistanyň esasy eksport ekinidir. Çaý Gündogar Gimalaýyň dag eteklerinde has köp ekilýär.

Hindistanyň maldarçylyk pudagyny ösdürmek üçin tebigy ot binýady çäklidir. Hindi halky mal etini az iýýär, dini adamlar bolsa iri şahly mallary keramatly hasaplap, onuň etini iýmeýärler. Şonuň üçin, Hindistanyň oba hojalyk pudagynda maldarçylyk ekerançylyga garanyňda az girdeji berýär. Iri şahly mallaryň sany boýunça Hindistan dünýäde birinji ýerde durýar. Maldarçylyk, aýratyn hem dowardarçylyk ýurduň demirgazyk-günbatarynda ösendir. Hindistan dünýä boýunça uly möçberde süýt öndüriji ýurtdur. Deňizýaka kenarlarynda balyk hojalygy ösen. Balyk önümlerini öndürmek boýunça Hindistan dünýäde altynjy orunda durýar.

Hindistan Respublikasynda hyzmatlar pudagy ýokary depginde ösýär. Ýurduň täsin we owadan relýefi, gadymy şäherleri we binalary dünýä syýahatçylarynyň üns merkezindedir. Hindistan tebigatynyň gözelligi hem-de orta asyrlarda gurlan ymaratlar bilen jahankeşdeleri özüne çekýär. Diňe ýurduň paýtagty Deli şäherinde ýerleşýän bütindünýä ähmiýetli taryhy ýadygärlikleriň sany 60 müňe ýetýär. Ýurduň ykdysady girdejisiniň esasy bölegini syýahatçylyk pudagy berýär. Hindistana gelýän syýahatçylaryň sanynyň artmagy bilen söwda we hyzmatlar pudagy uly ösüşe eýe bolýar. Hyzmatlar pudagynda ýurduň işçi güýçleriniň 28%-i zähmet çekýän hem bolsa, jemi içerki önümiň 54%-i şu pudagyň paýyna düşýär. Hindi halkyna ýurduň taryhy we keramatly ýerlerine zyýarat etmek mahsusdyr. Ýurduň ähli taryhy hindileriň keramatly hasaplaýan Gang derýasy bilen aýrylmaz baglanyşykdadyr. Hindistanda kinoindustriýa pudagy güýçli ösendir. Çennaý we Mumbaý şäherleri ýurduň kinoindustriýa merkezleridir.

Ösýän ýurtlaryň arasynda Hindistan ösen ulag ulgamy bilen tapawutlanýar. Hindistanda ulaglaryň ähli görnüşleri ösendir. Ýurduň içerki ýük we adam gatnawynda demir ýol ulaglaryna esasy orun degişlidir. Hindistanyň demir ýol ulaglary her ýyl 6 milliarda golaý ýolagçy gatnadýar we 350 million tonna ýük daşaýar. Ýurduň içinde ýükleri daşamakda we adamlary gatnatmakda ikinji orunda awtomobil ulagy durýar. Gang, Krişna, Godawari, Kaweri derýalaryň aşaky akymlarynda derýa ulagy ösen. Hindistanyň derýalarynyň akymlarynyň ýylyň dowamynda güýçli üýtgäp durýanlygy sebäpli, ýurtda derýa ulaglarynyň ähmiýeti uly däldir. Halkara gatnaşyklarynda howa ulagynyň tutýan orny ýylsaýyn artýar. Häzirki wagtda Hindistanda 454 sany aeroport hereket edýär. Hindistanyň daşary söwda gatnaşygynda deňiz ulagynyň ähmiýeti has uludyr. Mumbaý, Kolkata, Çennaý ýurduň esasy port şäherleridir. Nebit we gaz pudagynyň ösüp başlamagy bilen geçiriji turbalar ulgamy hem ösýär.

## 28.3. Hindistanyň halkara ykdysady gatnaşyklary. Türkmenistan bilen ykdysady hyzmatdaşlygy

Amatly tebigy, sosial we ykdysady mümkinçiliklerine garamazdan, Hindistan Respublikasynyň dünýä eksportyndaky paýy uly däldir. Soňky ýyllarda möçberi we görnüşi artýan hem bolsa, ýurduň paýyna dünýä eksportynyň bary-ýogy 0,8%-i düşýär. Hindistan dünýä bazaryny özüniň adaty bolan tüwi, çaý, ýuwelir önümleri, gaýtadan işlenen gymmat bahaly daşlary bilen üpjün edýär. Şol bir wagtda, Hindistanyň eksportynyň 70%-den gowragy maşyn-gurluşyk, metallurgiýa, derman, programma üpjünçilik, himikat, dokma önümleriniň paýyna düşýär. Eksportyň haryt düzümi hil taýdan özgerýän Hindistanyň ykdysadyýetine laýyk gelýär. Hindistanyň daşary söwda syýasaty binýatly, häzirkizaman senagat pudaklaryny döretmäge, agrar özgertmeleri geçirmäge, bäsleşige ukyply ýokary hilli önümleri dünýä bazaryna çykarmaga gönükdirilendir. Hindistan 1994-nji ýyldan bäri Bütindünýä Söwda Guramasynyň agzasydyr. Hindistanyň importyna nebit, maşyn enjamlary, dökün we himikatlar degişlidir. Hindistanyň esasy söwda dolanyşygy ABŞ, Ýewropa Soýuzynyň, Hytaýyň, Ýaponiýanyň, arap ýurtlarynyň paýyna düşýär. Hindistan Russiýa bilen hem ykdysadyýet we daşary söwda, ylym we tehnologiýa, medeniýet, harby goranyş, kosmos we atom energetika ugurlary boýunça ysnyşykly gatnaşygy saklaýar. Russiýadan Hindistana gara we reňkli metallar, mineral dökünler, gazet kagyzy, ýangyç, maşyn we enjamlar eksport edilýär. Hindistandan bolsa Russiýa çaý, temmäki, kofe, tüwi, dokma we derman senagat önümleri eksport edilýär. Hindistan bilen Russiýanyň söwda-ykdysady gatnaşygynda harby-tehniki hyzmatdaşlyk esasy orny tutýar.

Hindistan Respublikasy biziň ýurdumyz tarapyndan hyzmatdaşlyk etmekde ileri tutulýan iri döwletleriň hatarynda durýar. Türkmenistany we Hindistany goňşuçylyk we deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan köpasyrlyk gatnaşyklar birleşdirýär. Türkmenistanyň geosyýasy we geoykdysady nukdaýnazarlaryndan amatly ýerleşmegi, işjeň döwletara gatnaşyklarynyň öňden gelýän däplerini dowam etmäge, türkmen we hindi halklarynyň arasyndaky söwda-ykdysady we gumanitar gatnaşyklaryny ösdürmäge ýardam edýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda ulanylmaga berlen Tejen–Sarahs–Maşat demir ýoly, gadymy «Beýik Ýüpek» ýoluny täzeden dikeltdi we Türkmenistan bilen Hindistanyň söwda-ykdysady hyzmatdaşlygynyň ösmegine ýakyn we giň ýol açdy. Bu halkara ähmiýetli ýol Hindistana yklymyň ähli ýurtlary bilen aragatnaşyk etmäge giň mümkinçilik berýär.

Hindistan Respublikasy dünýäniň güýçli ösýän iri ykdysadyýetleriniň biri

bolmak bilen, uly ylmy-önümçilik mümkinçiliklere hem-de giň we geljegi uly bolan bazara eýedir. Türkmenistan bilen Hindistan ýangyç-energetika pudagy boýunça hyzmatdaşlyga aýratyn orun berýär. Hususan-da, iki tarapdan başy başlanan Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygynyň taslamasynyň durmuşa geçirilmegine hem-de Hindistanyň ykdysadyýetiniň artýan talaplaryny kanagatlandyrmak üçin türkmen energiýa serişdeleriniň eksport edilmegine isleg bildirilýär.

Türkmenistan bilen Hindistan saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynda hem uzak möhletleýin hyzmatdaşlygyň baý tejribesine eýedir. Hyzmatdaşlygyň ygtybarly we netijeli görnüşi hökmünde «Türkmenderman Ajanta Farma Limited» bilelikdäki türkmen-hindi kärhanasy hereket edýär. Türkmenistan bilen Hindistany köp ýyllaryň dowamynda birleşdirip gelýän Aşgabatdan Delä we Amritsara yzygiderli howa gatnawlary hem gatnaşyklaryň işjeň giňelmeginiň we pugtalandyrylmagynyň görkezijisi bolup durýar.

Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň maglumatlary boýunça, ýurdumyzyň çäklerinde umumy möçberi 10,5 million amerikan dollaryna barabar bolan, hindi maýasynyň gatnaşmagy bilen kärhanalaryň 12-si, şeýle hem hindi kompaniýalarynyň gatnaşmagy bilen maýa goýum taslamalarynyň we şertnamalarynyň 11-si bellige alyndy. Türkmenistanyň Hindistan bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary ýylsaýyn ösýär. 2014-nji ýylda Türkmenistandan Hindistana 8,8 million amerikan dollaryna deň bolan harytlary we önümleri eksport etdi, Hindistandan bolsa Türkmenistana 175,7 million amerikan dollaryna deň bolan harytlar, enjamlar we önümler import edildi.

2015-nji ýylyň 13-nji dekabrynda badalga berlen Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygy türkmen-hindi gatnaşyklaryny has täze derejä çykarar. Umumy uzynlygy 1814 kilometre barabar, ýylda kuwwatlygy 33 mlrd. $m^3$ deň bolan bu gaz geçiriji sebitiň durnukly ösüşini, energiýa howpsuzlygyny hem-de iki ýurduň netijeli hyzmatdaşlygyny üpjün eder.

# XXIX BAP
# ORTA GÜNDOGAR ÝURTLARYNYŇ YKDYSADYÝETI

## 29.1 Orta Gündogar ýurtlarynyň umumylyklary we aýratynlyklary

Türkiýäni, Eýrany we Owganystany olaryň medeni-jemgyýetçilik taýdan umumylyklary, öňi bilen yslam dünýäsine degişlilikleri birleşdirýär. Ýöne yslam bu ýurtlarda meňzeş däl, ol käbir ýagdaýlarda içerki we daşarky

gapma-garşylyklaryň çeşmesi bolup durýan sünniçilik, şaýylyk we ismailçylyk bilen görkezilen.

Türkiýäniň, Eýranyň we Owganystanyň arasyndaky araçäkler geçmişde üznüksiz kesilip geçilipdir. Bu ýagdaý bolsa olaryň ykdysady gurluşyny hakykatda birmeňzeş etdi, ol döwletleriň etnik düzümleriniň umumylygyna täsirini ýetirdi. Türkiýäniň 72 million ilatynyň 50 millionyny türkler düzýär, Eýranda ýaşaýan türki halkyň sany bolsa 30 million adam. Etniki we dil meňzeşlikleri döwletleri ýakynlaşdyryjy faktor bolup durýar. Ýöne käwagtlar durnuksyzlygyň çeşmesi hem bolup biljek faktora öwrülýär. Mysal üçin, kürt meselesi. Esasan jaýlaşykly ýaşaýan 25 milliondan gowrak kürt etnosynyň öz döwleti bolman, olar dürli ýurtlaryň düzümine girýärler. Şol sanda Türkiýede 12 million we Eýranda 6 million kürt ýaşaýar. Şunuň ýaly etniki aýratynlyk (kürtleriň, buluçlaryň, eýran türk-azerbaýjanlarynyň arasynda) separatistik meýilleri döredýär.

Özleriniň tebigy gorlary boýunça-da ýurtlar mese-mälim tapawutlanýarlar. Dünýäde nebit gorlary boýunça bäşinji orny we tebigy gazyň gorlary boýunça ikinji orny eýeleýän Eýran gazylyp alynýan tebigy baýlyklara örän baý. Türkiýäniň diňe öz senagat ösüşini üpjün edýän çäkli tebigy resurslary bar. Olar kömür, metal, gurluşyk materiallary, amatly toprak-klimatik şertleri, şonuň ýaly hem özboluşly ykdysady resurs hökmünde garalýan örän peýdaly geografiki ýerleşişidir. Häzirki günde Owganystany çäkli tebigy baýlyklara eýelik edýän ýurtlaryň hataryna degişli etseň bolar.

Şol ýurtlara mahsus bolan ol ýa-da beýleki derejedäki umumylyklara, meňzeşliklere garamazdan, olaryň arasynda ösüş derejesi boýunça-da, şonuň ýaly sosial-ykdysady modelleri boýunça-da görnetin tapawutlar bar.

Eýran we türk modelleri diňe bir şu sebit üçin däl-de, eýsem ähli yslam dünýäsi üçin hem häsiýetlidir. Ösüşiň türk modeli musulman jemgyýetiniň ýokary gatlakly döwletiň çägindäki ösüşiniň netijesini görkezýär. Ol düzgün baryp uruşdan öňki ýyllardan başlap kanuny tarapdan berkidilen (1928 ý. başlap hakyky, 1937 ý. başlap-konstitusiýada). Eýran, onuň tersine, 1979-njy ýyldaky yslam rewolýusiýasyndan soň yslam düzgünlerini ykdysadyýetde we syýasatda ulanýar. Owganystan hem taliblaryň ýurduň köp sebitlerinde höküm sürýän wagtlarynda yslam döwlet gurluşly döwri başyndan geçirdi. Ýöne häzirki wagtda Eýran we Türk tejribelerini we özüniň taryhy tejribelerini peýdalanmak bilen, Owganystanyň täze ykdysady modeli döreýär.

## 29.2. Sosial-ykdysady ösüşiň esasy meýilleri we meseleleri

Orta Gündogar ýurtlarynyň esasy meseleleri sosial-ykdysady gurluşyň XX asyryň başyna emele gelen ýarym kolonial häsiýetinden üýtgemeginden, olaryň ykdysady ösüş derejesiniň ýokarlanmagyndan ybaratdyr. Ýurtlar ösüşiň dürli we gabat gelýän, ýagny liberaldan etatizme çenli modellerini ulanyp gördüler. Şol döwre, aýratyn-da 70-nji ýyllaryň ahyryna gabat gelýäni ösüşiň türk we öňki eýran modelleridir. Adam başyna düşýän JMG-niň ululygy boýunça öz goňşularyndan ep-esli yza galýan Owganystan hem pes derejedeligine garamazdan, şol ugur boýunça ösýärdi.

1950-nji ýylda adam başyna düşýän JMG-i Türkiýede 125 dollara, Eýranda 85 dollara, Owganystanda 35 dollara deň bolupdyr. Türkiýede (ony ÝB-e assosirlenen agza hökmünde kabul edilenden soň), esasanam patyşa hökümeti tarapyndan «ýokardan» özgertmeler geçirilen Eýranda 60–70-nji ýyllarda modernizirleme prosesiniň çaltlaşmagy, iki ýurdy adam başyna düşýän girdejisi boýunça deňleşdirdi diýen ýaly, ýöne olaryň Owganystan bilen üzňeligi ýokarlandy. Şol görkeziji boýunça Owganystan 70-nji ýyllaryň aýagyna dünýäniň has pes ösen ýurtlarynyň toparyna girýärdi, adam başyna düşýän JMG 160 dollar. Eýran bilen Türkiýe – orta derejedäki ýurtlaryň toparyna girýärdi, adam başyna düşýän JMG degişlilikde 2,0 we 1,2 müň dollar.

Orta Gündogar ýurtlaryna uruşdan soňky birinji onýyllyklarda «garyşyk ykdysadyýet» modelini (ýagny güýçli döwlet sektory hem-de işjeň döwlet düzgünleşdirişi bilen) ulanmak bilen, özüniň sosial-ykdysady ösüş derejesini ep-esli ýokarlandyrmak başartdy. Ýöne ykdysady modernizirleme prosesiniň çaltlaşmagy düzülen sosial-syýasy gurluşyň bozulmagyna eltýärdi, bu ýagdaý bolsa ýiti syýasy tolgunmalara getirdi. Owganystanda SSSR-iň kömegi bilen (1973-nji ýylda monarhiýanyň synmagyndan we 1979-njy ýylyň dekabrynda sowet goşunlarynyň girizilmeginden soň) sosialistik modeli gurmaklyga synanyşygyň netijesi köpýyllyk raýat urşuna öwrüldi. Eýrandaky yslam rewolýusiýasy ösüşiň ýokary gatlakly modeliniň amala aşyrylyşyny togtadyp hem-de Eýranyň dünýä bileleşigi bilen özara gatnaşyklaryny düýpli üýtgedip, yslam dolandyryşyny gurdy.

Türkiýe halkara walýuta fondy (HWF) bilen bilelikde işläp düzen maksatnamasynyň esasynda, ykdysady liberal düzgünlerini ornaşdyrmak bilen, özüniň ykdysady strategiýasyny düýpli üýtgetmäge girişdi. 1983-nji ýylda hökümetiň raýat dolandyrylyşyna be-

rilmeginden soň ykdysady liberallaşdyrmak prosesi çaltlaşdy, importyň çäklendiriji modeli eksporta nazarlanýan model bilen çalşyldy. 80-nji ýyllar Türkiýede hojalygy dolandyrmagyň bazar şertleriniň emele gelen döwri boldy. Şol döwürde Eýranda Yrak bilen sekiz ýyla çeken urşuň netijesinde döwletiň ykdysadyýetdäki roluny ýokarlandyrýan we senagat taýdan ösüşiň importy çäklendiriji meýilleriniň saklanyp galmagyny üpjün edýän yslam düzgünlerini ulanýan model emele geldi. Eger Türkiýe bazar ykdysadyýetiniň emele gelmeginiň başlangyç döwründe daşary kreditlerini we daşary ýurt kapitalyny giňden ulanan bolsa, onda Eýranda rewolýusiýadan soňky on ýyllykda daşary ýurt kapitalyny peýdalanmak gadagan edildi.

Häzirki wagtda sebitiň ýurtlary, dürli syýasy gurluşlaryna garamazdan, esas bolup durýan liberal bazar ykdysadyýetiniň modelini amala aşyrýarlar. Nyrhlary döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek doly ýatyryldy, walýuta we daşary söwda düzgünleşdirilişi düýpli üýtgedi, döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak amala aşyrylýar.

Eksporta gönükdirilen pudaklaryň has çalt depginde ösmegini üpjün edýän açyk görnüşli ykdysadyýeti döretmegiň ýolunda Türkiýe has-da öňe gitdi. Eýran sosial ugra gönükdirilen bazar ykdysadyýetini döretmegi özüniň esasy maksady edinip, entek liberal bazar ykdysadyýetiniň emele geleginiň başlangyç döwründe dur. Häkimiýetiň yslam düzgünleri şertlerinde Eýrana nebiti eksport etmekden walýuta girdejileriniň gelmegi, düzümleýin reformalary geçirmekden, esasanam hususylaşdyrmakdan, döwlet subsidirlemeginden boýun gaçyrmakdan, hususy bank we daşary ýurt kapitallarynyň işlerini çäklendirmekden saklaýan faktor boldy.

Ykdysady liberalizasiýalaşdyrmak prosesi ykdysady ösüş depgininiň togtamagy, maliýe we ykdysady çökgünlik, daşary berginiň artmagy, girdejileri paýlamakda gyradeň dälligiň ýokarlanmagy ýaly ýagdaýlar bilen baglylykda uly kynçylyk bilen geçýär. Eýranda we Türkiýede 2006-njy ýyla çenli ilatyň ösüş depgini 1%-e çenli peselendigine garamazdan, iş bilen üpjünçilik meselesi sebitiň ýiti meseleleriniň biri bolmagynda galýar. Yslam rewolýusiýasyndan soň ilatyň artmagy (80-nji ýyllarda ýyllyk artyş 3,4%-e çenli) bilen bir hatarda hojalygy dolandyrmagyň yslam düzgünleriniň girizilmegi netijesinde önümçiligiň aşak gaçmagy hem-de Yrak bilen alnyp barylýan uruş işsizligiň artmagyny çaltlaşdyrdy hem-de ilatyň düzüminiň üzül-kesil üýtgemegi bolsa ykdysady liberalizasiýa geçirmek zerurlygyny döretdi. Iş bilen üpjün etmek meselesi Owganystanyň öňünde has-da ýiti meseleleriň biri bolup durýar. Onuň ilaty 1,3 million bolup, ol 1975-nji ýyl bilen deňeşdireninde iki esse artdy.

Gizlin işsizligiň bolmagy sebitde kölegeli ykdysadyýetiň ep-esli geri-

miniň saklanmagynyň sebäpleriniň biri bolup durýar. Ol Owganystanda neşe önümçiliginiň we söwdasynyň esasynda has negatiw häsiýetli duýulýar.

Önümçilik potensialynyň artmagy sebit üçin umumy hem-de wajyp mesele bolup durýar. Ýöne her ýurt üçin bu wezipeler dürlüdir. Eger Türkiýe üçin öz harytlarynyň dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak esasy mesele bolup dursa, Eýran üçin – işläp taýýarlaýan senagatyň eksporta nazarlanan pudaklaryny ösdürmek we gazyň eksportyny artdyrmak, Owganystan üçin bolsa – senagatyny dikeltmek we ýakyn ýyllarda ony importy çäklendirilen görnüşinde ösdürmek esasy mesele bolup durýar.

## 29.3. Ösüşiň daşky faktorlary

Sebitiň ýurtlarynda ösüşiň daşky faktorlarynyň ähmiýetliligi ösüşiň liberal bazar modeline geçilmeginiň netijesinde ep-esli ýokarlandy. Olardan daşary söwda we daşary ýurt kapitalyny ulanmak esasy bolup durýar. Sebitiň daşary söwda dolanyşygynyň JIÖ-ki paýy 1982-nji ýyldaky 29% bolanlygyndan artyp, 2002-nji ýylda 60%-e deň boldy. Eksport kwotasy, eksport önümçiliginiň höweslendirilýändigine garamazdan, import kwotasyndan geçmeýär we ol 30%-e deň (1982 ý. 15%). Sebitiň dünýä hojalygyna gatnaşmak derejesi orta halda, daşary söwda dolanyşygy 250 mlrd. dollardan geçmeýär. Esasy eksport edilýän harytlary eýran nebiti we gazy, Türkiýäniň ýeňil we azyk senagatynyň önümleri, el halylary, maňyzlar we guradylan miweler.

Sebitiň ýurtlarynyň daşary söwdasy ep-esli derejede sebit bazaryna däl-de dünýä bazaryna gönükdirilendir. Eýran, Türkiýe we Owganystan Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň agzalary bolup durýarlar. 1969-njy ýylda Eýran, Türkiýe we Pakistan tarapyndan Sebitleýin hyzmatdaşlyk guramasy döredildi. 1985-nji ýylda ol gurama Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyna çalşyryldy. 1992-nji ýylda Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyna doly hukukly agzalar hökmünde täze musulman ýurtlary – öňki SSSR-iň respublikalary we Owganystan goşuldy. Ykdysady hyzmatdaşlyk, esasanam bilelikdäki ulag kommunikasiýasy ugrundaky hyzmatdaşlyk YHG-nyň makstnamasy boýunça amala aşyrylýar, Owganystan bilen ykdysady aragatnaşyk hem ep-esli derejede YHG-nyň çäginde amala aşyrylýar.

Eksporta nazarlanan ykdysadyýete geçmek sebitiň ýurtlaryna daşary

ýurt kapitalyny çekmäge gyzyklanma döremegine sebäp boldy. Türkiýe eýýäm 50-nji ýyllarda öz güýjüňe daýanmak syýasatyndan boýun gaçyrdy we 80-nji ýyllardan soň ýurduň öz inwestisiýalary bilen deň derejedäki hukuga eýe bolan daşary ýurt kapitalyny giňden ulanyp başlady. Gyradeň bolmadyk ösüş, ýygy-ýygydan bolýan maliýe çökgünlik Türkiýä gelýän daşary ýurt kapitalynyň akymynyň çäklenmegine sebäp bolýar. Daşary ýurt kömegi häzirki wagtda Owganystanyň ykdysady ösüşiniň esasy faktory bolup durýar. Daşary ýurt kapitalyny çekmek meýli Eýranda antiimperialistik şygary astynda geçen 1979-njy ýylyň rewolýusiýasy tarapyndan togtadyldy, ýöne 90-njy ýyllarda doly dikeldildi. Eýran kanunynyň çäklendirmeleri we ABŞ-nyň Eýrana degişlilikdäki sanksiýalar syýasaty sebäpli, Eýranyň daşary ýurt kompaniýalarynyň kömegi bilen täze nebit we gaz ýataklaryny özleşdirmeklige we gazy dünýä bazarlaryna eksport etmäge gyzyklanma bildirýändigine garamazdan, onuň ykdysadyýetine gelýän göni daşary ýurt maýalarynyň akymy juda uly däl. Eýran gazyny we nebitini peýdalanmakda Türkiýe we Hindistan göni gyzyklanma bildirýärler, ýöne ABŞ-nyň Eýran jähtdäki pozisiýasy turba geçirijileriň gurluşygy boýunça taslamalary inwestirlemegi juda kynlaşdyrýar.

# XXX BAP
# TÜRKIÝÄNIŇ YKDYSADYÝETI.

## 30.1. Türkiýä umumy häsiýetnama

Türkiýe Respublikasy özüniň dörän wagtyndan, ýagny 1923-nji ýyldan bäri sosial-ykdysady ösüşiň dürli modellerini we strategiýalaryny başdan geçirdi. 30–40-njy ýyllarda şol wagtyň ykdysady syýasatynyň konseptual ýörelgesine öwrülen, etatizm, ýagny «döwletçilik» görnüşindäki döwlet kapitalizmi has uly rol oýnady. Ol öz güýjüne daýanýan hem-de esasan döwletiň güýji bilen tizleşdirilen ykdysady ösüşiň görnüşini häsiýetlendirýärdi. Döwlet walýuta amallaryny, daşary söwdasyny düzgünleşdirmegi öz gözegçiligine aldy, içerki bazary sazlamaga işjeň goşulyşýardy. Döwlet ykdysady guramalary (DYG) döwletçilik syýasatyny geçirmegiň esasy serişdeleriniň biri bolup çykyş edýärdiler. Döwlet ykdysady guramalary aglaba pudaklarda monopol pozisiýany eýeleýärdiler.

50-nji ýyllarda ykdysady liberalizasiýa geçmäge synanyşyk, esasan, daşary ýurt kapitalyny peýdalanmak bilen bagly syýasatyň üýtgemegine getirdi. NATO-nyň hem-de halkara maliýe institutlarynyň agzasy bolanyndan soň, Türkiýe daşary ýurt karzlaryny we inwestisiýalaryny ykdysadyýeti modernizirlemek maksady üçin işjeň ulanyp başlady. Daşary ýurt kreditlerini we sermaýalaryny çekmekde 1950-nji ýylda döredilen Türkiýäniň Senagat ösüş banky esasy maliýe çeşmesi boldy.

1960-njy ýyldaky harby agdarylyşykdan soňra ýigrimi ýyla çeken «garyşyk ykdysadyýet» döwri başlandy. Ol döwür döwletçiligi we hususy sektorlaryň ýokarlanmagyny özünde jemleýär. Planlaşdyrma döwletiň ykdysady syýasatynyň esasy gurallarynyň biri hökmünde işjeň ulanylýardy.

«Garyşyk ykdysadyýet» döwründe maşgala kompaniýalarynyň telekeçilik korporatiw görnüşlerine, ýagny holdinglere öwrülişigi bolup geçýär. 1963-nji ýylda birinji holding «Koç» döredilen bolsa, on ýyldan eýýäm ykdysadyýetde öz orunlaryny işjeň artdyran 56 holding hereket edýärdi. Şol bir wagtda döwlet ykdysady guramalaryň paýy peselip başlaýar. «Garyşyk ykdysadyýet» modeliniň ulanylmagy oňat netijeli bolup çykdy. JIÖ-niň ortaça ýyllyk ösüş depgini 60–70-nji ýyllarda 6,8%-e deň boldy, industrial pudaklaryň JIÖ-däki paýy ýokarlandy, gaýtadan işleýän senagatyň önümleriniň eksporty ösüp başlady. Ýöne importy çäklendirmek, döwlet kärhanalaryna goltgy bermek, baha emele geliş prosesine goşulyşmak strategiýasynyň ters netijeleri ykdysadyýeti döwlet düzgünleşdirmesiniň oňat netijelerinden barha agdyklyk edýärdi. 1978-nji ýyldan başlap, inflýasiýa görnetin artyp başlady, işsizlik ýokarlanýardy. Sosial närazylygyň artmagy syýasy durmuşyň durnuksyzlygy bilen baglanyşyklydy.

Türkiýäniň hökümeti Halkara walýuta fondy bilen birlikde 1980-nji ýylda, täze ykdysady strategiýa hökmünde ykdysady durnuklaşdyryjy çärelerini işläp düzdüler. Täze ykdysady strategiýa liberal bazar ýörelgelerini ornaşdyrmak ýoly bilen açyk ykdysadyýete geçmegi aňladýar. Bu maksatnamany amala aşyrmak üçin harby faktorlar ulanyldy. Ýurtda tertip ýola goýlandan soňra we 1982-nji ýylda ählihalk ses berlişigi esasynda täze konstitusiýa kabul edilenden soňra, ýagny 1983-nji ýylyň noýabr aýynda parlament saýlawlary üstünlikli geçirilip, ozalky harby häkimiýetiň ornuna raýat hökümeti gelýär.

## 30.2. Ykdysadyýetdäki özgertmeler

1980-nji ýylyň başlaryndan başlap Türkiýede bazar ykdysadyýetiniň liberal modeli üçin şertler döräp başlady. Onuň esasy ugurlary daşary söwda düzgünini we walýuta sazlaşygyny liberallaşdyrmak, döwlet kärhanalaryna goltgy bermegi (subsidirlemegi) azaltmak hem-de käbir ykdysady we sosial funksiýalary hususylaşdyrmak, nyrhlary düzgünleşdirmekden boýun gaçyrmak, salgyt syýasatyny üýtgetmek we goşmaça gymmata salgydy girizmek, daşary ýurt sermaýalaryny höweslendirmek, giň gerimli hususylaşdyrmagy amala aşyrmak bolup durýar. Ösüş strategiýasy – importy çäklendirýän ugurdan, eksporta nazarlanýan ugra düýpli üýtgedi.

Ykdysady reformalar uly kynçylyklar bilen alnyp barylýardy. 1994-nji ý., 1998–1999-njy ýyllardaky çökgünlikler, 2000-nji ýylyň aýagyndaky çökgünlik, 2001–2002-nji ýyllardaky maliýe çökgünligi has-da güýçli boldy. Türkiýe 90-njy ýyllary ösüşiň inflýasion ýoly bilen geçdi. 1992-nji ýyldan başlap sarp ediş bahalaryň indeksi 1982-nji ýyldaky 31% bilen deňeşdireniňde 70%-den geçdi, ýöne 90-njy ýyllaryň ikinji ýarymyndan başlap kem-kemden pese gaçdy (2006-njy ýylda – 10%-e çenli).

Türkiýede ykdysady liberallaşdyrmak syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmakdan ybarat bolup durýar. 80-nji ýyllaryň başynda – 90-njy ýyllar döwlet maýasy az gatnaşýan garyşyk kompaniýalar hususylaşdyryldy. Hususylaşdyrmagy esasy bökdeýän mesele döwlet kärhanalarynda işleýänleriň sanynyň artykmaç edýänligidi. 1994-nji ýylda kabul edilen hususylaşdyrma baradaky kanunda hususylaşdyrmagyň netijesinde işiňi ýitiren ýagdaýyňda kompensasiýa tölemek, pensiýa wagtyndan öň çykmaga hukuk we pensiýa goşmaça tölegler göz öňünde tutulan. Hususylaşdyrma gory döredilip, ol kärhanalary satmakdan gelýän ähli serişdeleri toplap, şol serişdeler diňe hususylaşdyrmak maksatlaryna gönükdirilýärdi. Şol bir wagtda fonduň serişdeleri býujet çykdajylaryny ýapmak üçin ulanmak kanun tarapyndan gadagan edildi. Hususylaşdyrylýan obýektleriň gerimi giňeldildi, aksiýalary Stambul biržasynyň üstünden satmak hususylaşdyrmagyň has netijeli usuly diýlip hasap edildi. Netijede, hususylaşdyrma prosesi güýçlendi, köp döwlet ykdysady guramalar hususylaşdyryldy.

Ykdysady liberallaşdyrmagyň gowşak ýerleriniň biri bolup çykdajyly döwlet kärhanalaryny subsidirlemegiň (kömek bermegiň) saklanyp galmagydyr. Maliýe ulgamynda, esasanam, salgyt ulgamyndaky kemçilikler, uly göwrümde kölegeli ykdysadyýetiň bardygyny görkezýär. Halkara we türk ekspertleriniň hasaplamalaryna görä,

onuň gerimi 28%-den 49%-e çenli (salgyt girdejileriniň ösüşi baradaky maglumatlara görä) ýa-da 30–40% töwerekleridir (iş bilen meşgullyk baradaky maglumatlar esasynda).

Türkiýede häkimiýetiň ýokary galaklylyk häsiýeti dini häsiýetli ykdysady kada-kanunlaryň hereket etmekligini aradan aýyrmaýar, esasanam, ýörite yslam maliýe guramalaryny we yslam holdinglerini. Ýöne olaryň ýurduň ykdysadyýetindäki orny ýokary däl, ýagny yslam maliýe institutlarynyň umumy bank aktiwlerindäki paýy 2%-den gowrakdyr.

Türkiýäniň ykdysadyýeti açyk görnüşine geçmekligiň netijesinde ýüze çykan kynçylyklara garamazdan, ep-esli derejede modernizirlendi. Ol orta girdejili ýurtlaryň toparyna girýär. JIÖ-niň ortaça ýyllyk ösüş depgini bazar reformalarynyň birinji on ýylynda (1982–1992-nji ý.ý.) 5,1%-e deň boldy, soňky on ýylynda (90-njy ýyllaryň ortalarynda we 2000-nji ýylyň başlaryndaky çökgünlik sebäpli) ol görkeziji 2,8%-e çenli peseldi. Ýöne JIÖ-niň ösüşindäki bökdençlikler liberal meýilleriň depgininiň gowşamagynyň däl-de, olaryň giňelmeginiň netijesidir. Senagat önümçiligi diwersifisirlenýärdi, köp pudaklar modernizirlendi, şol sanda aragatnaşygyň täze görnüşlerem. Bilim derejesi ýokarlandy. Eksportyň düzümi has-da optimallaşdy, dünýä bazary bilen milli önümçiligiň arabaglanyşygy çuňlaşdy. Öňdebaryjy tehnologiýalary ulanmaga mümkinçilik döredýän göni daşary ýurt inwestisiýalary artýar. Özüniň ykdysady parametrleri boýunça Türkiýe Ýewropa Soýuzynyň agzalary bolan we bolmak isleýän Günorta-Gündogar Ýewropa ýurtlarynyň käbirleriniň derejesinden pes galmaýar.

Hojalygy ýöretmegiň bazar şertlerine geçmekde Türkiýe girdejileriň gyradeňsiz paýlanmagynyň ösmegine uçrady. 1987–1994-nji ýyllarda bary-ýogy 20%-i tutýan has ýokary girdejili topar, beýleki toparlaryň hasabyna özüniň milli girdejidäki paýyny (49,9-dan 54,9%-e çenli) ýokarlandyryp bildi. Ol bolsa liberalizasiýanyň dowamynda birinji düýpli syýasy sarsgynlyga getirdi. Oňa garamazdan, girdejilerdäki üzňelik haýal bolsa-da, ýuwaş-ýuwaş uýgunlaşýardy. 1996–2002-nji ýyllarda ýokarky toparyň paýy 46,7%-e çenli peseldi.

Daşary söwda düzgünini liberallaşdyrmagyň çäklerinde eýýäm 1984-nji ýylda import kwotalarynyň tertibi ýatyryldy, ýurda getirmek gadagan edilen harytlaryň sanawy her ýylda kemeldi. Ol sanaw 1986-njy ýyldan ýatyryldy. Tarif düzgünleşdirmeleri regulirlemegiň esasy usullary bolup, ol hem hemişe liberallaşýar. Türkiýe 1995-nji ýylda Bütindünýä söwda guramasynyň agzasy boldy, 1996-njy ýylda bolsa ÝS-y bilen gümrük soýuzyna goşuldy.

Ösüşiň eksporta nazarlaýan strategiýasyna geçmäge, eksporty goldamakda döwlet çäreleriniň ýörite ulgamynyň kömegi bilen amala aşyrylyp başlandy. Salgyt ýeňillikleri,

ýeňillikli karzlar, höweslendiriji sylaglar, döwletiň kömegi bilen, dürli ýeňillikleri bolan iri eksport firmalaryň döredilmegi giňden ulanylýardy. Sylaglar 1980-nji ýylda döredilen Bahalary goldamak we durnuklaşdyrmak gorunyň üsti bilen berilýärdi.

Ýöne höweslendiriji pul kömekleri kem-kemden eksporty goldamagyň bazar usullaryna geçip başlady. Eksport edijilere döwlet kömegini bermek üçin marketing barlaglarynyň ýoly bilen, daşary ýurt sergilerini we ýarmarkalaryny geçirmek, ylmy-tehniki işläp düzmeleri geçirmek üçin maliýe kömegini berer ýaly ýörite maksatnama düzüldi.

## 30.3. Türkiýäniň daşary gatnaşyklary

Türk harytlarynyň ykdysady taýdan aralaşmasy, şol sanda Merkezi Aziýa we Zakawkazýe ýurtlaryna, 1988-nji ýylda işläp başlan döwlet Eksimbankyň (eksport-import) işi tarapyndan üpjün edilýär. Eksporty höweslendirýän zat onuň paçsyz amala aşyrylýanlygydyr, eksporta kontrollyk etmek bolsa eksport edilýän harytlaryň oňat hilli bolmagynda hem-de ýurda walýuta girdejisiniň (üç aýyň dowamynda 70%) gelmegini üpjün etmekde jemlenendir. Daşary söwda syýasatynyň üýtgemeginiň netijesinde daşary söwda ösüp başlady. Liberallaşdyrmak ýyllarynda daşary söwda dolanyşygynyň ösüşi JIÖ-niň ösüş depgininden hem geçýärdi. Esasanam türk gurluşyk kompaniýalarynyň işiniň hem-de syýahatçylykdan gelýän girdejileriň artýanlygynyň hasabyna, öňi bilen hyzmatlaryň eksportynyň ösüşi ýokarydy. Haryt eksportynda işläp taýýarlaýan senagatyň harytlary agdyklyk edýärdi. Işläp taýýarlaýan senagatyň pudaklary türk ykdysadyýetiniň has täsirli pudaklarydyr, esasanam dokma, gön-aýakgap we azyk senagaty. Eksportyň ýarysyndan gowragy Ýewropa Soýuzy ýurtlarynyň paýyna düşýär, ol bolsa türk senagatynyň önümçiliginiň göwrüminiň hem-de hiliniň ýokarlanýandygyny häsiýetlendirýär. Muňa garamazdan, inwestision harytlaryň eksportdaky paýy 7–8%-den geçmeýär, türk ykdysadyýetiniň çig mal we aralyk harytlaryň importyna mätäçlik derejesi ýokarylygyna galýar.

Daşary ýurt inwestorlary 90-njy ýyllar ýokary mümkinçilikli ýeňillik düzgünleri bilen üpjün edildi. Toplanan göni daşary ýurt sermaýalarynyň göwrümi 2004-nji ýylda 36 mlrd dollara çenli ýokarlandy. Ýurtda müňlerçe daşary ýurt kompaniýalary hereket edýärler, esasanam maliýe sferasynda we söwdada (54%). Iri kompaniýalaryň ählisinde diýen ýaly daşary ýurt kapitaly gatnaşýar.

26. Sargyt № 1094.

## 30.4. Türkmen-türk gatnaşyklary

Türkmenistanyň ýurt Garaşsyzlygyny ilkinji bolup ykrar eden döwlet Türkiýedir. Türkiýe 1991-nji ýylyň 16-njy dekabrynda Türkmenistanyň özbaşdak döwletdigini ykrar etdi. 1992-nji ýylyň 29-njy fewralynda iki döwletiň arasynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. Iki doganlyk döwletleriň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alyp gaýdýan özara gatnaşyklarynyň taryhy turuwbaşdan deň hukuklylyk, özara peýdalylyk we milli bähbitleri hasaba almak esasynda gurulýan hyzmatdaşlyga esaslanýar.

Häzirki wagta çenli Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda ikitaraplaýyn döwletara, hökümetara derejesinde 100-den gowrak ylalaşyklara gol çekildi. Çekilen resminamalara laýyklykda iki döwletiň ilçihanalary we konsullyklary açyldy, howa meýdany ýola goýuldy, özara taslamalar durmuşa geçirilýär. Türkmenistanda Türkiýäniň golçur kärhanalary, kompaniýalarynyň filiallary açyldy. Bu bolsa iki ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklaryň has-da pugtalanmagyna getirdi. Muňa iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygyň yzygider ösmegini hem aýdyň mysal edip bolar. Söwda dolanyşygyň 2007-nji ýyly 2000-nji ýyl bilen deňeşdireninde 3 essä golaý artdy we 1 milliard 296 million ABŞ dollaryna deň boldy. 2008-nji ýylyň jemi boýunça Türkmenistan bilen Türkiýäniň arasyndaky daşary söwda-haryt dolanyşygynyň möçberi 855 million 200 müň amerikan dollaryna deň boldy. 2014-nji ýylyň netijeleri boýunça iki ýurduň eksport import haryt dolanyşygy 6 milliard amerikan dollaryndan gowrak bolup, 2007-nji ýyl bilen deňeşdireninde 4,6 esse köpdür. Soňky iki ýylyň içinde ikitaraplaýyn söwdanyň möçberi 74 göterim artdy. Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasyndaky haryt dolanyşygynyň möçberiniň artmagy dostlukly gatnaşyklaryň we ykdysady hyzmatdaşlygynyň yzygiderli ösdürilýändiginiň alamatydyr.

Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygynda Türkiýe durnukly dördünji orny, importda bolsa birinji orny eýeleýär. Ýurdumyz Türkiýä, esasan, dokma senagatynyň önümlerini, pagta süýmini, elektrik energiýasyny, himiýa senagatynyň önümlerini, nebit önümini we türk bazarynda durnukly islegden peýdalanýan beýleki harytlary eksport edýär. Türkiýe öz gezeginde Türkmenistana stanoklary, maşynlary we enjamlary, metal we metal önümlerini, elektrik we hojalyk harytlaryny, gurluşyk materiallaryny, derman senagatynyň önümlerini eksport edýär.

Iki ýurduň arasynda maýa goýmak babatdaky hyzmatdaşlyk hem giňelýär. Häzirki wagtda biziň ýurdumyzda

600-den gowrak türk kompaniýalary işleýär. Olar senagat, gurluşyk, söwda, ulag ýaly, möhüm ulgamlarda iş alyp barýarlar. Türk firmalarynyň ykdysady we tehniki goldawy bilen Türkmenistanda onlarça dokmaçylyk senagat kärhanalary guruldy. Türk firmalarynyň Türkmenistanyň oba hojalygyna we azyk senagatynyň ösdürilmegine goşandy-da uludyr.

2012-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky maglumata görä, Türkmenistanda türk kompaniýalarynyň gatnaşmagynda umumy bahasy 16 milliard 100 million amerikan dollaryna, 2 milliard 600 million ýewro, 19 milliard 152 million ýapon iýenine barabar bolan, şeýle hem milli manadymyzda uly möçberli 1 müň 299 sany taslama hasaba alyndy.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň esasy pudaklarynyň biri gurluşyk pudagy bolup, bu pudakda türk işewürleri uly işleri amala aşyrýarlar. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy taslamasynyň amala aşyrylmagyna türk kompaniýalary öz mynasyp goşandyny goşýarlar. Aşgabatda her ýyl Türkiýe Respublikasynyň gurluşykda we gurluşyk materiallary senagatyna bagyşlanan sergiler geçirilýär. Gurluşyk pudagynyň yzysüre hyzmatdaşlykda energetika, dokma we söwda pudaklary gelýär. Ýangyç-energetika toplumy hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Türkmen elektrik energiýasy 2003-nji ýylyň dekabryndan bäri üçtaraplaýyn döwletara ylalaşyk esasynda çekilen Türkmenistan–Eýran–Türkiýe energiýa köprüsi arkaly Türkiýä eksport edilýär. Aşgabatda we welaýatlarymyzda elektrik stansiýalarynyň gurluşygyny amala aşyrdylar.

Iki ýurduň arasynda ylym-bilim babatda-da hyzmatdaşlyklar alnyp barylýar. 1994-nji ýylda Aşgabatda Halkara türkmen-türk uniwersiteti açyldy, birnäçe türkmen-türk mekdepleri hereket edýärler. Türkiýäniň ýokary okuw mekdeplerinde türkmen oglan-gyzlary özleriniň bilimini artdyrýarlar. 2010-njy ýylda iki döwletiň Ylymlar akademiýalarynyň arasynda Hyzmatdaşlyk hakyndaky ylalaşyga hem-de Türkmenistanyň Hökümeti bilen Türkiýe Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky ylalaşyga gol çekildi. Türk alymlary Türkmenistanda geçirilýän ylmy maslahatlarda we seminarlara örän işeňňir gatnaşýarlar, iki halkyň Medeniýet günleri, amaly-bezeg sungatynyň sergileri yzygiderli geçirilýär.

Şeýle hem Türkiýe Respublikasy biziň ýurdumyz ýaly oktýabr aýynda özüniň baş baýramyny belläp geçýär. 29-njy oktýabrda Türkiýe Respublikasy baş baýramyny – Garaşsyzlyk baýramyny belleýär.

Iki doganlyk millet hakynda aýdylýan «iki döwlet, bir millet» diýen pähim indi daşa ýazylan ýaly mizemezlige öwrüldi.

# XXXI BAP
# EÝRANYŇ YKDYSADYÝETI

## 31.1. Ýurduň umumy häsiýetnamasy

1925-nji ýylda Pehlewi neberesiniň hökümet başyna gelmeginden soň, goňşy Türkiýe döwletinde bolşy ýaly, ykdysady syýasatyň esasy ugry etatistik, ýagny «döwletçilik» modelini ornaşdyrmakdan ybaratdy. Monarhiýanyň hem-de ýurduň ösüşiniň esasy hökmünde yslamyň kanun tarapyndan berkidilen rolunyň saklanyp galmagynda, täze nebere hakykatda ýokary gatlakly modernizasiýa ýoluny saýlap aldy. Ýewropa nusgasyndaky hukuk esaslary döredildi, ýurtda hojalygy alyp barmagyň, bilimiň ýokary gatlakly ulgamynyň, sud prosesleriniň, saglygy goraýşyň ýewropa görnüşleri işjeň ornaşdyrylýardy, ruhanylaryň pozisiýalary ep-esli çäklendirildi. 30-njy ýyllardan başlap regulirlemekde bolşy ýaly, ykdysady işlerdede döwletiň güýçli sazlaşdyrma netijesinde döwlet kapitalizminiň modeli gutarnykly emele geldi. Döwletiň elinde ähli infrastruktura, aýry kärhanalar görnüşindäki, şeýle hem iri pudak monopoliýasy görnüşindäki senagat eýeçiligi jemlenendi. Şol döwürde importy çäklendirýän häsiýete eýe bolan, industrializasiýalaşdyrmagyň birinji tapgyry amala aşyryldy.

Ösüşiň şol tapgyrynyň maliýe esasy bolup ýurduň öz, esasanam, döwlet kapitaly çykyş edýärdi. Eýran daşary ýurt inwestisiýalaryny ulanmakdan doly boýun gaçyrdy, has hem XX asyryň başlarynda ýurdy ýarym kolonial ýagdaýda goýan daşary karzlardan. Muňa garamazdan, ýurtda nebiti gazyp almagy we eksportyny amala aşyrýan konsession şertlerde iňlis-eýran nebit kompaniýasy hereket edýärdi.

Ikinji jahan urşundan soň eýran ykdysadyýetinde ABŞ-nyň pozisiýasy güýçlendi. Amerikan kompaniýalarynyň kömegi bilen ösüş meýilnamasy düzülýär. 1951-nji ýylda nebit senagatynyň millileşdirilmeginden hem-de iňlis-eýran nebit kompaniýasynyň dargamagyndan soň Halkara nebit konsorsiumy döredildi. Onda agalyk edii orny amerikan kompaniýalary eýeleýärdiler.

Nebiti eksport etmekden gelýän girdejileriň artmagy modernizasiýanyň ikinji tapgyryny geçirmegiň esasy maliýe bazasy boldy. Ol 60–70-nji ýyllarda «ak rewolýusiýa» adyny alan toplumlaýyn özgerişleri geçirmegi üpjün etdi. Iri ýarymfeodal ýer eýeçiligi we ülüşçiligi ýok eden düýpli agrar reformalary geçirildi. Industrializasiýalaşdyrmagyň täze etapynyň mazmuny täze tehnologiýalary import

etmekden, ösen ýurtlarda kärhanalary «açar astyna» satyn almakdan ybarat. Ykdysady syýasatyň täze gurallarynyň biri daşary ýurt kapitallaryny, köplenç hususy sermaýalar görnüşinde peýdalanmakdan ybarat. 1955-nji ýylda Mejlis «Daşary ýurt inwestisiýalaryny çekmek we goramak barada» kanun kabul etdi. Ol inwestisiýalaryň eldegrilmesizligini kepillendirýär. 1958-nji ýylda Eýranda daşary ýurt banklary üçin çäklendirmeleri ýatyrmak barada kanun kabul edildi. Bu bolsa häzirkizaman bank ulgamynyň emele geliş prosesini çaltlaşdyrdy hem-de Eýranda daşary ýurt kapitalynyň gatnaşmagyny güýçlendirdi.

## 31.2. Ykdysady özgertmeler

1960–70-nji ýyllardaky özgertmeleriň netijesinde Eýranyň durmuşynda ykdysady babatda bolşy ýaly, syýasy babatda hem birnäçe iri pozitiw ilerlemeler gazanyldy. JIÖ-niň ortaça ýyllyk ösüş depgini 1960/61–1966/67-nji ýyllar 6,7%-e, 1967/68–1976/77-nji ýyllarda 10,8%-e deň boldy. 1970-nji ýyldan başlap senagat pudaklarynyň paýy (nebiti goşmanyňda) oba hojalygyň paýyndan ýokarlanyp başlady. Birnäçe täze pudaklar döredi – nebit-himiýa, metallurgiýa, maşyn-gurluşyk.

Eýran täze tehnologiýalary işjeň satyn alyp başlady, esasanam, 70-nji ýyllaryň birinji ýarymynda nebitiň dünýä bahasynyň ýokarlanmagyndan soň. Öňdebaryjy tehnologiýany, şonuň ýaly hem öňdebaryjy tehnikany, patyşa düzgüni ozaly bilen goşunda we goranyş senagatynda jemledi.

Ýadro maksatnamasy amala aşyrylyp başlandy. Ol maksatnama ilkibaşda 20 sany iri reaktorlaryň gurluşygyny we hususy çig mal bazasyny döretmegi göz öňüne tutýardy. Soňra taslamalaryň sany ikä çenli azaldyldy. Eýranyň dünýä bazarynda häzirkizaman tehnologiýalaryny özleşdirmekde potensial mümkinçilikleri hem-de maliýe mümkinçilikleri nukdaýnazaryndan tutýan orny gyşarnyksyz ýokarlanýardy.

Emma ykdysady modernizirleme, esasan, döwlet sektory bilen hem-de telekeçileriň çäkli topary bilen galtaşdy. Ol topar bolsa patyşa köşgi hem-de daşary ýurt kapitaly bilen berk baglanyşyklydy. Döwletiň ykdysadyýete, aýratyn-da nyrhyň emele gelmegine goşulmak derejesi güýçlenýärdi. Netijede, gara bazar döredi, korrupsiýa ösdi. JIÖ-niň ösüş depgini haýallap başlady, inflýasiýa güýçlendi. Düzgün ykdysady dinamikany we sosial özüne çekijiligi ýitirýärdi. Ol bolsa 1979-njy

ýylyň fewral aýynda düzgüniň ýykylmagyna getirdi.

Şaýy ruhanylary syýasy, ideologik we ykdysady täsir etmeleri ulanyp, bir ýyla ýetmän ýurtda teokratik düzgüni girizdi. Uruş döwrüniň yslam ykdysady garaýyşlaryna we şertlerine nazarlanmagyň netijesinde ykdysadyýetiň «touhid» (birhudaýlyk) modeli emele geldi. Onuň esasy häsiýeti öz güýjüňe daýanmakdan, daşary ýurt we iri şahsy eýeçiligi millileşdirmekden, yslam gorlaryny döretmekden ybaratdy. Yslam gorlaryna konfiskasiýa edilen ýer we senagat eýeçilikleriniň ep-esli bölegi geçirilýärdi. Ownuk telekeçilere ýardam bermek nygtaldy. Halkara nebit konsorsiumy bilen baglaşylan ylalaşyk ýatyryldy, daşary ýurt kompaniýalarynyň işi togtadyldy.

Walýuta bazary, daşary we içerki söwda berk gözegçilik edilýärdi. Metjitleriň üstünden paýlanylýan kupon ýa-da kartoçka düzgüni girizildi. 1987-nji ýylda 5 müň sany harydyň bahasyna kontrollyk edilýärdi. Bahalaryň derejesini saklamak döwlet dotasiýalarynyň köpelmegini talap edýärdi, «kölegeli» bazar ulaldy, gizlin eksport ýokarlandy. 1986-njy ýyldan 1988-nji ýyl aralygyndaky döwürde döwletiň ykdysadyýete goşulyşmasy ýokary nokada ýetdi. Birnäçe walýuta kurslarynyň girizilmegi üç sany özbaşdak diýen ýaly bazarlaryň – regulirlenýän, kommersiýa we kölegeli bazarlaryň bolmagyny şertlendirdi. Banklar yslam normalaryna geçirildi, döwlet banklarynyň işi kanun tarapyndan çözüldi.

Ýurtdaky ýagdaýy kynlaşdyrýan faktorlara demografiki faktor hem goşuldy. 80-nji ýyllarda ilatyň artyş depgini 3%-den hem geçdi. Diňe resmi taýdan registrirlenen işsizleriň derejesi 1986-njy ýylda ýurduň zähmete ukyply ilatynyň 14%-ini düzýärdi. JIÖ-niň dinamikasy esasan oňaýsyzdy.

Yrak bilen bolan uruşdan soň ykdysadyýetiň ösüşini çaltlandyrmagyň zerurlygy, yslam ykdysady düzgünlerini ulanmagy çäklendirmegi talap etdi. Ykdysady ugur üýtgedildi, 1989-njy ýylyň aýagyndan başlap bazar ykdysadyýetiniň sosial nazarlanan modeli ornaşdyrylyp başlandy. Onuň esasy ugurlary döwlet düzgünleşdirilişini gowşatmakdan, walýuta we daşary söwda düzgünleşdirilişini liberallaşdyrmakdan, baha emele geliş prosesine göni goşulyşmakdan kem-kemden boýun gaçyrmak, hususylaşdyrmak, daşary ýurt kapitalyny çekmek, erkin ykdysady zonalaryny döretmek, işläp taýýarlaýan senagatyň eksport pudaklaryny ösdürmek.

Ykdysady liberallaşdyrmak syýasatyna geçmek ýurtda uzaga çeken ykdysady çökgünlikden çykmaga, ykdysady ösüşiň depginini ýokarlandyrmaga, jemi toplaýyşyň möçberini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berdi. Senagat önümçiliginiň, senagat eksportynyň, ilatyň bilim derejesiniň görkezijileri ep-esli ýokarlandy.

JIÖ-niň dinamikasy, üýtgäp duranlygyna garamazdan, umuman kanagatlanarlydy we 1992–2002-nji ýyllarda ortaça ýyllyk artyş depgini 3,6% (80-nji ýyllar – 0,75%), 2004–2005-nji ýyllarda – 6,6% boldy. Şunlukda, JIÖ-niň ösüş depgini, nebiti goşmanyňda, ähli JIÖ-niň ösüş depgininden ýokarydy. Düzgün çaga dogluşynyň ösüşini höweslendirmekden boýun gaçyrdy, ilatyň artyş depgini peseldi. Ol görkeziji 80-nji ýyllar 3,1% bolan bolsa, 90-njy ýyllar 1,5%-e, 2000-nji ýylda 1,1%-e deň boldy.

Liberal özgerişleriň geçirilen döwründe, soňky on ýylda, jemi girdejiniň möçberi 12,4%-den 34,9%-e çenli ýokarlandy, şol bir wagtda hususy sektoryň umumy milli inwestisiýalaryndaky paýy 54%-den 75%-e çenli ýokarlandy.

Täze ykdysady syýasatyň gowy netijeleriniň biri hem nebit önümleriniň eksportynyň ýokarlanmagydyr (özgerişleriň on ýylynda 1,0 mlrd. dollardan 4,1 mlrd. dollara çenli, ýagny 4,1esse artdy).

Emma JIÖ-niň oňaýly hereketine garamazdan, onuň durnuksyzlyk derejesi örän ýokarylygyna galdy. JIÖ-niň görkezijileriniň üýtgäp durmagyna täsir edýän esasy faktor bolup, nebit meselesi durýar. Eýran ykdysadyýetiniň düzümi ep-esli derejede diwersifisirlendi, ýöne nebit pudagy walýuta girdejilerini almakda monopol ýagdaýy eýeleýär. Nebit eksportynyň hasabyna ähli walýuta girdejileriniň 80%-den gowragy we ähli býujet girdejileriniň ýarysyna golaýy üpjün edilýär.

Liberallaşdyrmak syýasatyny geçirmek juda durnuksyzlygy, hatda çaprazlygy bilen tapawutlanýar. Döwlet pul maýalary, bank ulgamy liberallaşdyrmagyň has gowşak bölegi bolmagynda galýar. Yslam düzgünleri bilen bank işleriniň çäklendirilmegi, hususy banklaryň hereket etmegine rugsat berýän bank kanunlarynyň ýoklugy, şol bir wagtyň özünde hojalygy alyp barmagyň bazar usullaryny girizmegi bökdeýär.

Hususylaşdyrmak maksatnamasyny işläp düzmek we amala aşyrmak işi juda gyradeň gitmeýär. Konstitusion düzgünler uly päsgelçilik berýär. Ol düzgünler boýunça möhüm pudaklar döwlet eýeçiligine degişli edildi. Hususylaşdyrmak prosesine daşary ýurt maýalarynyň gatnaşmagy çäklendirildi. Hususylaşdyrmagyň maksatnamalaryna yslam fondy hem girizildi, ýöne ol maksatnamalary amala aşyrmak kyndy.

Liberallaşdyrmak syýasatynyň geçirilmeginiň on ýyldan gowrak wagtyndan soň döwlet ykdysadyýetiň birnäçe önümçilik pudaklaryndaky eýeleýän esasy ornuny saklaýar. Öňi bilen, bu nebit senagaty, bu pudaga hususy maýalar diňe soňky ýyllarda çekilip başlandy. Infrastrukturaly pudaklary hususylaşdyrmaga edilen synanyşyga garamazdan, olaryň barysy entek döwletiň elindedi. Ýurduň bank ulgamy, üç sany hususy bank açmaga

rugsat berlendigine garamazdan, gazylyp alynýan senagatyň aglaba bölegi döwlete degişli.

Yslam dolandyryş şertlerinde ykdysady ösüşiň tejribesi «yslam ykdysadyýetiniň» kem-kemden has bazar gatnaşyklaryna geçýändigini görkezýär, yslam düzgünleri bolsa diňe geçiş döwrüniň negatiw sosial netijelerini düzetmäge ygtyýar berýär. Yslam ykdysady gurluşyny ulanyp, özüniň netijeliligini subut eden Ýewropa we Gündogar Aziýa ýurtlarynyň modeline garanyňda, musulman halkly ýurtlar üçin has özüne çekiji bolan, üýtgeşik ykdysady modeli gurmak Eýrana başartmady.

## 31.3. Türkmen-eýran gatnaşyklary

Köklerini asyrlaryň jümmişinden alyp gaýdýan türkmen-eýran gatnaşyklarynyň taryhy iki müňýyllygyň sepgidinde täze öwüşgine eýe boldy. Munuň özi, Gündogarda gadymdan bäri goňşularyň arasynda däp bolşy ýaly, iki halkyň parahatçylykda we dostlukda ýaşamaga çalyşýandygy hem-de hyzmatdaşlygyň potensialyny özara bähbitleriň hatyrasyna durmuşa geçirmäge iki tarapyň çynlakaý gyzyklanýandygy bilen şertlendirilendir. Mundan başga hem ol bütindünýä ösüşiň we hususan-da, Aziýa sebitinde ösüşiň häzirkizaman meýillerinden gelip çykýar. Aziýa sebitinde bolsa häzirki wagtda özüniň geosyýasy, ykdysady we adam potensialy netijesinde bütin planetanyň ünsi gönügendir. Bu mümkinçiligiň, ilkinji nobatda, energetika we üstaşyrenergiýa serişdeleriniň geçiriliş potensialynyň ep-esli bölegi Türkmenistanyň we Eýranyň paýyna düşýär. Munuň özi sebiti ösdürmek üçin olaryň hyzmatdaşlygynyň srategik ähmiýete eýedigini aýtmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistan we Eýran Yslam Respublikasy 1992-nji ýylyň 18-nji fewralynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýdular. Iki dostlukly ýurduň arasyndaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň döwründe döwletara, hökümetara we edaraara derejelerindäki halkara resminamalarynyň 170-den köpüsine gol çekildi.

Ikitaraplaýyn söwda dolanyşygynyň ýokary derejede ösmeginde Körpeje-Gurtguýy gaz geçirijisiniň, Tejen–Sarahs–Maşat demir ýolunyň, Balkanabat–Alyabat elektrik geçirijisiniň, serhet üsti bilen awtoulag ýük daşalyşynyň paýy uludyr. Eger-de 2007-nji ýylda Türkmenistan bilen Eýranyň arasyndaky haryt dolanyşygynyň möçberi ABŞ-nyň 1 milliard

895,2 million dollaryna barabar bolan bolsa, ikitaraplaýyn söwda dolanyşygynyň möçberi 2014-nji ýylda 2007-nji ýyl bilen deňeşdirilende 1,9 esseden hem geçdi we 3 milliard 706 million dollara deň boldy.

Türkmenistanyň Eýrana esasy eksporty ýangyç-energetika toplumynyň önümleri, dokma önümleri, ýeňil senagatynyň, himiýa senagatynyň, oba hojalygyň we azyk senagatynyň önümleri bolup durýar. Öz gezeginde Türkmenistan goňşy Eýrandan maşyn-gurluşyk we himiýa senagatynyň önümlerini, enjamlary we mehaniki gurallary, gurluşyk materiallaryny, hojalyk we elektrotehniki harytlary, azyk önümlerini alýar.

Türkmenistanyň energetika ulgamynda esasy hyzmatdaşlarynyň biri Eýran Yslam Respublikasydyr. Eýran Yslam Respublikasy uglewodorod serişdeleriniň ätiýaçlyklaryna baý döwletleriň biridir. Şonuň bilen bir hatarda bu ýurt energiýa serişdeleriniň üstaşyr geçirilmegi babatda hem geoykdysady taýdan möhüm orun eýeleýär. Bu döwletde türkmen tebigy gazyna isleg uly. Ykdysadyýetiň yzygiderli ösüşi, milli we halkara bazarlarynda energiýa serişdelerine bolan islegiň barha ýokarlanmagy bu döwletiň türkmen gazyna bolan islegini artdyrýar. Ýurduň demirgazyk welaýatlaryna ýakyn ýerleşen türkmen tebigy gazyny satyn almak ony ýurduň beýleki sebitlerinden akdyryp getirmekden amatlydyr. Häzirki wagtda dünýäniň gyzyklanýan döwletleri tarapyndan halkara ähmiýetli täze energiýa geçirijileriň taslamalarynyň durmuşa geçirilmegine badalga berilmegi üpjün ediji we üstaşyr geçiriji döwlet hökmünde Eýran Yslam Respublikasynda hem tebigy gaza bolan islegi artdyrýar.

Biziň döwletlerimiz dünýäde nebiti we tebigy gazy iň köp öndürijileriň we eksport edijileriň biri bolmak bilen, Türkmenistan we Eýran ýangyç energetika toplumy ulgamynda ysnyşykly özara gatnaşyklary ösdürýär. Iki ýurduň ministrlikleriniň we ýangyç-energetika toplumlary edaralarynyň aralaryndaky hyzmatdaşlyk muňa şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň Nebit we gaz ministrligi («Türkmengaz» DK) bilen Eýranyň Milli gaz kompaniýasynyň arasynda 1995-nji ýylyň 4-nji iýulynda tebigy gazy satyn almak-satmak barada baglaşylan şertnamanyň we 2009-njy ýylyň 11-nji iýulyndaky goşmaça Ylalaşygyň esasynda ýylda 6 milliard kub metr gazy Döwletabat gaz käninden ibermek göz öňüne tutuldy. Ýurt Baştutanymyzyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2009-njy ýylyň 14-nji iýulyndaky mejlisindäki tabşyrygyna laýyklykda gurluşygyna başlanan bu gaz geçiriji öz gözbaşyny Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň çäginde ýerleşýän Döwletabat gaz käninden alyp gaýdýar. Nebit we gaz institutynyň hünärmenleri tarapyndan taslama resminamalary taýýarlanylan gaz geçirijiniň gurluşygy «Türkmen-

gaz» döwlet konserniniň buýurmasy bilen «Türkmennebitgazgurluşyk» döwlet konserniniň edaralary tarapyndan amala aşyryldy. Gaz geçirijiniň taslama uzynlygy 30,5 kilometre, diametri 1020 millimetre barabardyr. Gaz geçirijiniň geçirijilik ukyby bir ýylda 12 milliard kubometr gaza deňdir.

2010-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidentiniň bilelikde gatnaşmagynda Döwletabat–Sarahs–Hangeran gaz geçirijisi işe girizildi. Bu gaz geçiriji arkaly her ýyl 6 mlrd. m$^3$ gaz satylýar. Geljekde Eýran Yslam Respublikasyna satylýan türkmen gazyny 20 mlrd. m$^3$-e çenli artdyrmak göz öňünde tutulýar.

Türkmenistan Eýran bilen bilelikde iki döwletiň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynyň ösmegi üçin uly ähmiýeti bolan ençeme uly göwrümli taslamalary amala aşyrdy. Muňa mysal hökmünde, «Dostluk» suw howdanynyň gurluşygyny we onuň ulanylmaga tabşyrylmagyny, Tejen–Sarahs–Maşat demir ýoluny, Körpeje––Gurtguýy gaz geçirijisini, däne saklanylýan elewatorlary, suwuklandyrylan gazy saklamak we ýerleşdirmek üçin terminaly we beýleki ençeme möhüm desgalary atlandyrmak bolar. Türkmenistanda häzirki wagtda Eýran maýa goýumynyň gatnaşmagynda 144 sany kärhana hereket edýär.

# XXXII BAP
# OWGANYSTANYŇ YKDYSADYÝETI

## 32.1. Hojalygynyň umumy häsiýetnamasy

Owganystan – agrar ýurt bolup, onuň ilatynyň 80%-den gowragy häzirki güne çenli obada ýaşaýar hem-de oba hojalygynda işleýär, ilatynyň diňe üçden bir bölegine golaýy sowatly. Ol diňe XX asyryň ikinji ýarymynda, SSSR-iň, şeýle-de ABŞ-nyň we beýleki ösen ýurtlaryň maliýe we tehnika kömeklerini peýdalanmak bilen industrializasiýa başlamaga synanyşyk etdi. Emma halk hojalygyň ähli pudaklaryny industrializasiýalaşdyrmakda gazanylan käbir üstünliklere garamazdan, ilatyň adam başyna düşýän milli girdejisiniň derejesi boýunça 128 ýurduň içinde 120-nji orny eýelemek bilen, Owganystan dünýäniň iň yzagalak ýurtlarynyň biri bolmagynda galýar. JIÖ-niň 58%-i oba hojalyk girdejilerinden geldi, ähli senagat bolsa

diňe 23%-ini berdi (onuňam ýarysy senetçilik önümçiliginiň paýyna düşýär).

XX asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap, 20 ýyldanam gowraga çeken raýatlyk urşy halk hojalygyna örän uly zyýan ýetirdi. Ähli ilatyň 8-10%-i derejesinde hasaplanýan adam pidalaryndan başga-da, ykdysady gatnaşyklaryň ulgamy doly bozuldy, infrastruktura ýykyldy, kärhanalaryň eýeleriniň hem-de tehnika bilen meşgullanýan intelligensiýanyň köp bölegi ýurdy taşlamaga mejbur boldy. 1999--njy ýylda urşa çenli bar bolan 366 sany senagat kärhanalarynyň diňe 6 sanysy öz işini dowam etdi. Bäş milliondan gowrak adam emigrasiýadady, köp sanly mallar, maşynlar, dürli enjamlar daşary ýurda äkidildi. Käbir sebitler diňe öz-özüni üpjün etmegiň hasabyna gün görmäge mejbur boldular.

Ilatyň serişde ýetmezçiligi hem--de olary adaty ýol bilen gazanmaga mümkinçiligiň ýoklugy, tiryek öndürmegiň ösmegine getirdi. Onuň hasyly Owganystanda 4 müň tonna ýetdi, ol bolsa tiryegiň dünýä önümçiliginiň 80%-e golaýyny düzýär. Ýurduň territoriýasynda geroin öndürýän laboratoriýalar döredilip başlandy. Geroin daşary ýurtlara eksport edilýär, ol ýagdaýy saklamak entek hem başardanok. 2004-nji ýylyň başyna JIÖ-niň möçberi 7 mlrd. dollar töweregi hasaplanýardy, ýagny adam başyna 310 dollardan düşýär, şonuň 35%-i neşe söwdasyndan gelýärdi.

Talyplar häkimiýeti derbi-dagyn edilenden soň, prezident Karzaýyň ýolbaşçylygynda merkezi agalygyň dikelmeginden soň, hojalygy dikeltmek boýunça gaýragoýulmasyz çäreleriň maksatnamasy işlenip düzüldi. Ol maksatnama üçin kömek ediji ýurtlar 2001-nji ýylyň ýanwaryndaky Tokiýo konferensiýasynda 4,5 mlrd. dollar bermäge söz berdiler, 2004-nji ýylda Berlin konferensiýasynda 8,9 mlrd. dollar bermäge söz berdiler. Bilermenleriň baha bermegine görä, 10-ýyllyk döwrüň dowamynda ýurdy dikeltmek üçin 15 mlrd. dollar gerek bolmagy mümkin. Ýöne söz berlen kömek haýal gelýär, bar bolan döwlet apparaty entek juda gowşak hem-de netijeli işläp bilmeýär. Bütindünýä banky ileri tutulýan meseleleri kesgitledi, olar: bilimi, medisina-sanitariýa hyzmatyny dikeltmek, administratiw apparaty güýçlendirmek, oba hojalygyny ösdürmek, ýol ulgamyny, energetiki we telekommunikasiýa obýektlerini abatlamak.

**Ulag we aragatnaşyk.** Owganystanda (2003-nji ý.) uzynlygy 34,8 müň km bolan awtomobil ýollary bar, şol sanda 8,2 müň kilometri asfalt, beton ýa-da çagyl düşelen, galany bolsa – möwsümleýin ulanylýan daş düşelmedik ýollar. Guşgy–Turgundy (9,6 km) şahasyny we Termezden Amyderýanyň üsti bilen Haýratana (Russiýadan, Merkezi Aziýadan we Ýewropa ýurtlaryndan gelýän ýükleriň ammara ýerleşdirilýän ýeri) çenli 15 kilometrlik şahasyny hasaba almasaň, demir ýol ulagy ýok diýen ýaly.

**Maliýe.** Raýatlyk urşy döwründe ýurtda inflýasiýa hereket edýärdi, dollaryň kursy dürli ýyllarda 17 müň owgana, resmi kursy 2,3–3 müň owgana ýetýärdi.

Uruşýan taraplaryň düýbünden bisarpa, gözegçiliksiz çykarýan pullarynyň umumy göwrümini hasaba almak mümkin däldi. Pul reformasy geçirilenden soň dollaryň kursy bir ABŞ-nyň dollary 49 owgana deň diýlip kesgitlendi, dolanyşykdaky puluň möçberi bolsa 30 mlrd. owganydan geçýärdi.

Karzaýyň hökümeti ýurdyň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmak üçin birnäçe çäreleri geçirdi. Merkezi bank öz işinde doly özbaşdaklygy aldy, täze banklary, şol sanda daşary ýurt banklaryny döretmek üçin 11 sany lisenziýa berildi, daşky we içerki inwestisiýalar barada kanun işlenip taýýarlanyldy, 2003-nji ýylyň awgust aýynda inwestisiýalary goldamak boýunça agentlik döredildi, onuň wezipesi ýurtda inwestorlaryň ähli işini düzgünleşdirmekden durýar.

Owganystanda geçiş döwrüniň hökümeti döredilenden soň 60-a golaý ýurt we dürli halkara guramalary ýakyn ýyllarda ýurda uruş sebäpli ýykylan hojalygyny dikeltmäge 4,5 mlrd. dollar möçberinde kömek bermäge taýýardyklaryny aýtdylar.

## 32.2. Senagaty

Üç sany kömür şahtalary bir ýylda bary-ýogy 200 müň tonna kömür berýär. Gazyň umumy anyklanylan gorlary 180–200 mlrd. kub. m, nebitiňki – 12–15 mln. tonna. Bir ýylda gazylyp alynýan 2,5–3 mlrd. kub. m möçberdäki gaz turbageçirijiler boýunça azot dökünleri zawodyna we Mazari-Şarifdaky ÝES-e satylýardy hem-de SSSR-e eksport edilýärdi. Ýöne häzir ol gazylyp alnanok.

Ýurduň Hajy Gek geçelgesiniň golaýynda baý demir-magdan käni bar (gory 1700 mln. tonna bolup, düzüminiň 68–72%-ni demir tutýar), emma bu etrap barmasy kyn bolup we ony özleşdirmek üçin uly çykdajylary talap edýär.

Bir ýylda 105 müň tonna kuwwatly karbamid öndürýän zawod we 150 müň tonna sement berýän sement zawody agyr senagatynyň esasyny düzýärler. Has uly ösüşi ýeňil we azyk senagatlary, şeýle-de önümçiligiň 120-den gowrak görnüşi bar bolan senetçilik önümçiligi gazandy. Olardan ähmiýetlisi haly önümçiligidir. Bu önümçilikde 1 milliona golaý adam işleýär.

## 32.3. Oba hojalygy

Ulanmaga ýaramly bolan ýeriň umumy meýdany 17 mln. gektar bolup, onuň 5,3 mln. gektary suwarymly ekerançylyga ýaramly. Ýöne suwuň ýetmezçiligi bilen her ýylda 3,5 mln. gektardan köp bolmadyk ýer suwarylýar.

Esasy ekin bolan bugdaý (2,8–3 mln t) ekin meýdanynyň 60%-e golaýyny eýeleýär, ondan soň mekgejöwen (800–900 müň t), arpa (300–350 müň t), şaly (200–250 müň t) gelýär. Tehniki ekinlerden pagtaçylyk, gant şugundyryny we ýag alynýan ösümlikleri ýetişdirilip başlandy. Ýurt köp miwe ösdürip ýetişdirýär, olary gaýtadan işlemek we daşary ýurda çykarmak ýola goýuldy.

Maldarçylyk ähli sebitlerinde ösen, demirgazygynda garaköli goýun köpeldilýär (6 mln. başa golaý) ownuk şahly mallaryň umumy sany 20 mln. başa ýetýär. Iri şahly mallaryň sany 3–3,5 mln. başdan geçmeýär.

## 32.4. Daşary söwdasy

Owganystanyň eksportyny, esasan, ter we kakadylan miweler, garaköli bagana, ýüň, pagta, haly, bagana önümleri, gymmat baha we ýarym gymmat baha daşlar hem-de neşe düzýär. Importyň esasy bölegini senagat enjamlary, maşynlar, gurluşyk materiallary, nebit önümleri, köp sarp edilýän harytlar eýeleýär.

Häzirki wagtda Owganystanyň esasy söwda hyzmatdaşlary Pakistan, Hindistan, Ýaponiýa we ÝS. Hökümet tarapyndan goňşy ýurtlar bilen ýitirilen söwda gatnaşyklaryny dikeltmek üçin birnäçe çäreler kabul edildi, birnäçe täze ylalaşyklara gol çekildi, daşary söwda meýdanynda hereket edýän kanunlara we düzgünnamalara (gümrük haklary, tarif düzgünleri) täzeden seretmäge girişildi. 2004-nji ýylda haryt dolanyşygy 2,4 mlrd. dollara deň boldy, onuň defisiti 800 mln. boldy, ol bolsa daşarky kömegiň hasabyna ýapylýar.

## 32.5. Türkmen-owgan gatnaşyklary

2012-nji ýylyň 21-nji fewralynda Türkmenistan bilen Owganystan Yslam Respublikasynyň arasynda ýola goýlan diplomatik gatnaşyklaryna 20 ýyl doldy. Şu günki gün halkara arenasyndaky özara gatnaşyklaryň tejribe-

si Türkmenistan bilen Owganystanyň arasyndaky gatnaşyklaryň halkara gepleşikleriň ýokary derejesindedigini görkezýär hem-de dünýä syýasatynyň köp sanly wajyp meseleleri boýunça goldawy we ynamy bilen häsiýetlendirilýär.

Türkmenistan bilen Owganystanyň arasyndaky häzirki berk özara gatnaşyklarynyň esasyny iki halkyň medeni-ruhy umumylyklary, köp asyrlyk ynsanperwer we söwda gatnaşyklary, şeýle-de parahatçylygyň, ylalaşygyň we howpsuz ösüşiň umumy adamzat gymmatlyklary bilen şertlenen däbe öwrülen doganlyk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary düzýär.

Indi uzak ýyllaryň dowamynda Merkezi Aziýa sebitiniň howpsuzlygy meselesinde goňşy Owganystanda dowam edýän syýasy we ykdysady durnuksyzlygy kadalaşdyrmak meselesi örboýuna galýar. Hormatly Prezidentimiz Ýewro-Atlantika hyzmatdaşlyk Geňeşiniň 2008-nji ýylyň 3-nji aprelinde Buharestde geçirilen sammitinde eden çykyşynda bu meseläniň möhümligini şeýle düşündiripdi: «Biziň ýakyn goňşymyz Owganystana hemmetaraplaýyn kömek we goldaw bermek sebitde parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň möhüm bölegi bolup durýar».

Türkmenistan goňşy Owganystan döwletinde syýasy we ykdysady ýagdaýyň kadalaşmagy üçin uly tagallalary edýär. Hormatly Prezidentimiziň 2008-nji ýylyň 28-nji aprelinde Owganystana bolan ilkinji resmi döwlet sapary iki döwletiň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklarynyň mundan beýläk hem pugtalanmagyna itergi berdi.

Döwletimiz Owganystanyň demirgazyk welaýatlaryna elektrik geçirijisini gurup berdi. Şol elektrik geçirijisi boýunça Owganystanyň halky ýeňillikli şertlerde elektrik energiýasyny satyn alýar. Şeýle hem Owganystan Türkmenistandan suwuklandyrylan gazy, oba hojalyk, dokma we himiýa senagatynyň önümlerini satyn alýar. 2007-nji ýylyň 17-nji iýulynda Türkmenistanyň Prezidentiniň tagallasy, owgan tarapynyň islegi bilen türkmen hünärmenleri tarapyndan durky täzelenen döwletara demir ýoly işe girizildi. 2007-nji ýylda hormatly Prezidentimiziň Kararyna laýyklykda Owganystanyň döwletimize bolan 4 million dollara golaý bergisi geçildi we ABŞ-nyň 300 müňden gowrak dollaryna barabar möçberde elektrik energiýasy mugt iberildi. 2007–2008-nji ýyllaryň aňzakly gelen gyşynda Türkmenistandan Owganystana gumanitar kömek hökmünde umumy möçberi 2 million amerikan dollaryna barabar bolan 1000 tonna un, 6 tonna ösümlik ýagy, 500 tonna dizel ýangyjy, 8 müň sany birlaý gyş geýimleri, şeýle hem okuw we mekdep esbaplary iberildi. Goňşy döwlete berilýän ynsanperwer kömek yzygiderli dowam etdirilýär. Owganystanyň Farýap welaýatynyň Garamgol etrabynda saglyk öýi, Balh welaýatynyň Şordepe etrabynyň Hazar-tokaý obasynda 400 orunlyk mekdep we beýleki durmuş desgalar bina

edildi. Türkmenistan öz çeşmeleriniň hasabyna Owganystanyň demirgazyk etraplarynyň elektrik üpjünçiligini ýola goýdy we munuň üçin goşmaça elektrik geçirijileri gurdy. Mysal üçin, Andhoý-Şybyrgan 70 kilometrlik elektrik geçirijisi gurlup, onuň üsti bilen Mary GRES-iniň elektrik energiýasyny Mazary-Şerif şäheriniň we Balh welaýatynyň ýaşaýjylary ulanýarlar. 2011-nji ýylyň fewralynda Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken kararyna laýyklykda Owganystana iberilýän elektrik energiýasynyň möçberlerini 5 esse artdyrmaga hem-de bu goňşy döwlete zerur bolan elektrik energiýasynyň möçberiniň 70 göterimine golaýyny üpjün etmäge mümkinçilik döretjek kuwwatly düzüminiň gurulmagy göz öňünde tutulýar.

2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 20 ýyllygyna bagyşlanan dabara gatnaşmak üçin Aşgabada gelen Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Mohammad Aşraf Gani bilen duşuşdy we 13-nji dekabrda Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygyna badalga bermek dabarasyna Türkmenistanyň Prezidenti hem-de Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Mohammad Aşraf Gani, Pakistan Yslam Respublikasynyň Premýer-ministri Mohammad Nawaz Şarif we Hindistan Respublikasynyň Wise-prezidenti Mohammad Hamid Ansari gatnaşdylar.

Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň Owganystanyň çäginden geçýän böleginiň uzynlygy 774 kilometre deňdir. Gaz geçiriji Owganystanyň Hyrat we Kandagat şäherleriniň üsti bilen geçip, hakyky dostluk köprüsine öwrüler. TOPH taslamasynyň durmuşa geçirilmegi oňa gatnaşýan ýurtlaryň ählisine uly peýda getirer hem-de üstaşyr geçirýän ýurt hökmünde Owganystana durnukly ösmäge mümkinçilik berer. bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi bilen, Owganystana ABŞ-nyň 1 milliard dollary töweregi girdeji getirjekdigi we köp sanly iş orunlarynyň dörediljekdigi bellenýär.

Goňşy ýurtlary geljekde birleşdirjek iri taslamalaryň biri Türkmenistan–Owganystan–Täjigistan demir ýolunyň gurluşygydyr. Onuň ulanmaga tabşyrylmagy oňa gatnaşyjy ýurtlaryň we umuman, Merkezi Aziýanyň ykdysady taýdan ösmegine täze itergi berjekdigi, maýa goýumlary çekmek, beýleki sebitler bilen hyzmatdaşlygy diwersifikasiýalaşdyrmak üçin amatly şertleri döreder. Bu taslama Owganystanyň ykdysadyýetini dikeltmek boýunça bilelikdäki tagallalaryň biridir.

# XXXIII BAP.
# KOREÝANYŇ YKDYSADYÝETI

## 33.1. Koreýa umumy häsiýetnama

Ýurduň resmi ady Koreýa Respublikasy bolup, Gündogar Aziýada Koreý ýarymadasynda ýerleşýär. Ilaty 28 million adam töweregi bolup, onuň 98 göterimi koreýlerdir. Ýurt 1948-nji ýylda garaşsyzlygyny gazandy. Baknaçylyk we uruş ýyllary ykdysadyýetiň halys tozmagyna getiripdi. Geçen asyryň 50-nji ýyllarynda jemi içerki önümiň adam başyna düşýäni 100 dollara hem ýetmeýärdi. Emma häzirki günde bu görkeziji 25 müň amerikan dollaryna golaýdyr.

Uruşdan soňky ýyllarda durmuşa ornaşdyrylyp başlanan düýpli özgertmeler gysga wagtyň içinde özüniň netijesini berip başlady. Geçen asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap her ýyl 14 göterim ösüş gazanyldy. Soňky ýyllarda ykdysady ösüşiň depgini gowşap başlady. Häzirki günde bu görkeziji her ýyl 5 göterim töwereginde saklanýar. Ykdysadyýetiň kuwwaty boýunça bu ýurt dünýä döwletleriniň arasynda 16-njy orny eýeleýär (2007-nji ýyl boýunça). Jemi içerki önümiň möçberi 1,2 trillion amerikan dollaryna barabar (Satyn alyjylyk ukybyň pariteti boýunça). Ykdysadyýetiň ýokary ösüş derejesi ilatyň girdejileriniň artyp, ösen döwletleriň ilatynyň girdejilerine golaýlamagyna getirdi. Günorta Koreýada her 10–12 ýyldan ilatyň girdejileri iki esse artýar.

Ýurduň ykdysadyýetinde esasy orun hususy eýeçilige daýanýan senagata degişlidir. Senagatda awtomobil, gämi gurluşyk, nebit-himiýa, dokma, elektronika, audio-wideo, teleradio apparaturalar, azyk we ýeňil senagat pudaklary ýokary derejede ösdürilendir. Günorta Koreýa sanap geçen pudaklarymyz boýunça dünýäniň ösen ýurtlary bilen bäsleşik güýjüne eýedir. Häzirki wagtda amerikan bazarlaryna koreý eksportynyň 40 göterimi düşýär. Elektronika we tele-wideo we beýleki çylşyrymly apparaturalary bilen hatda özleriniň ykdysady ösüş modelleriniň «halypalary» bolan ýaponlaryň öz bazarlarynda ykdysady «darkaşy» alyp barýarlar. Hil taýdan deňeçer, emma baha taýdan arzan harytlar ýapon haryt öndürijilerini öz milli bazarlarynda mazalyja «aljyradýar». Çünki koreý harytlary ýapon harytlaryna garanyňda ortaça 30 göterim arzandyr.

Koreýanyň ykdysadyýeti daşary gatnaşyklara ýokary derejede bagly bolan ýurtlaryň biridir. Önümçiligiň eksporta nazarlanyş ugur bilen ösdürilmegi koreý ykdysady modeliniň aýratynlyklarynyň biridir. Ýurduň jemi içerki önümiň 25 göterimine golaýy

daşarky bazarlara ugradylýar. Esasy eksport edýän ýurtlary ABŞ, Ýaponiýa we ASEAN guramasyna girýän ýurtlarydyr. Esasy import edýän ýurtlaryna Hytaý, Ýaponiýa, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, ABŞ, Saud Arabystany ýaly ýurtlardyr. Täze Zelandiýadan, esasan, azyk önümlerini, Awstraliýadan polat we kömür ýaly önümleri getirýär. Koreýanyň oba hojalygynyň mehanizmleşdirilişi ýokary derejede hem bolsa, azyk önümlerine bolan islegiň 70 göterime golaýyny kanagatlandyrýar. Import edilýän azyk önümleri döwletiň pugta gözegçiliginde saklanyp, ýerli bazar daşary ýurtly öndürijiler üçin ýapykdyr. Gözegçiligiň maksady ýerli daýhanlary çet ýurtly öndürijilerden goramakdyr. Çünki ABŞ-da öndürilen bugdaýyň ýa-da tüwiniň özüne düşýän gymmaty Koreýada öndürilenden üç esse arzandyr.

Soňky ýyllarda ýurduň esasy söwda hyzmatdaşlary koreý harytlaryny satyn almak baradaky syýasatlaryny üýtgedip başladylar. Munuň netijesinde Koreýa daşary söwda syýasatynyň ugruny Aziýanyň we Afrikanyň ösüp gelýän ýurtlaryna tarap öwürdi. Daşary syýasatynda ýumşak, liberal garaýşy bolan Günorta Koreýany, ilkinji nobatda, hyzmatdaşynyň ykdysady ösüşi we syýasy taýdan durnuklylygy gyzyklandyrýar. Bitarap Türkmenistan bolsa garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap, ýokary depgin bilen ösýän ykdysadyýeti we syýasy taýdan durnuklylygy bilen dünýä jemgyýetine tanatmagy başaran ýurtlaryň biridir. Koreýa Respublikasynyň ykdysadyýetinde iri senagat birleşmeleri uly rol oýnaýar. Olara koreý dilinde «çeboleý» diýilýär. Iri senagat birleşmeleriniň paýyna ýurduň eksportynyň 57%-i düşýär. Bu iri birleşmeler ýurduň hökümeti tarapyndan uly goldaw alýarlar. Ykdysadyýetiň düzümleýin üýtgeşmesiniň esasynda ykdysadyýet ýeňil senagatdan maşyn gurluşygyna, elektronika, bio we nanotehnologiýa, aerokosmos senagatyna çenli baryp ýetdi. Koreýa kompaniýalary dünýä bazarynda metallurgiýa, awtomobil, gämi gurluşyk, elektronika we aragatnaşyk serişdeleri bilen bellidir. Iri birleşmelere Hende, Samsung, LJ kompaniýalary degişlidir.

Ykdysadyýetiň 29,5%-i senagatyň, 56,5%-i hyzmatlaryň 8%-i gurluşygyň 4%-i oba hojalygynyň, 3%-i energetika, 0,5%-i gazyp alyjy senagatyň paýyna düşýär.

Günorta Koreý ykdysadyýetiniň esasyny senagat tutýar. 1980–2000-nji ýyllar aralygynda gämi gurluşygyň möçberini 7 esse ýokarlandyrmagy başardylar. Netijede ýurt dünýäde iň iri gämi gurujy ýurtlaryň birine öwrüldi. Himiýa we biotehnologiýa yzygiderli ösdürilýär. Awtomobil öndürmek boýunça dünýäde altynjy orny eýeleýär. Kompýuter öndürmek boýunça dünýäde 7-nji orunda. Ýurduň ilatynyň ýarysyndan gowragy internetden peýdalanýar. Internetiň tizligi boýunça dünýäde birinji orunda durýar.

27. Sargyt № 1094.

## 33.2. Koreý özgertmeleriniň aýratynlyklary

Koreý özgertmeleriniň gözbaşynda general Pak Çžon Hi durýar. Umuman koreý özgertmesi geçen asyryň 60-njy ýyllarynda başlady. Eksporta nazarlanyşly ykdysadyýeti döretmek üçin düýpli syýasy we guramaçylyk işleri alnyp baryldy. Maliýe, düýpli, material, adam, ylmy-tehniki resurslary döretmek, jemlenen we ösüşe gönükdirmek maksat edilip goýuldy. Ykdysadyýeti kadalaşdyrmakda güýçli döwlet gözegçiligi ýola goýuldy. Şol bir wagtyň özünde hem bazar gatnaşyklaryna geçip başlandy. Onuň üçin kanunçylyk binýat işlenilip düzüldi, maliýe institutlar, biržalar döredildi dünýä bilen gatnaşyklar ýola goýuldy.

1997–1998-nji ýyllarda ýüze çykan Aziýa maliýe çökgünligine çenli döwlet bank ulgamyny berk gözegçilik astynda saklady. Hökümet haýsy pudagy has ileri tutulýan ugur hökmünde bellese, täjirçilik banklaryna hem serişdelerini şol ugra goýbermäge borçly edildi. Emeldarlaryň öz bähbitlerini ileri tutmagy netijesinde karz amallarynyň netijesizligini güýçlendirdi. Bu ýagdaýlar ýurduň maliýe ulgamyna oňaýsyz täsirini ýetirdi. Netijede, döwlet ykdysadyýete goşulyşy has ýokarlandy. Hususy telekeçiligiň, ylmyň, ýokary tehnologiýaly pudaklaryň, bank ulgamynyň döwlet bilen hyzmatdaşlygy güýçlendi. Öňdebaryjy pudaklaryň goldanylmagy, bäsleşigiň höweslendirilmegi, içerki bazaryň daşary ýurt maýadarlary üçin ýeňilleşdirilmegi, kiçi we orta telekeçilige, ykdysadyýetiň yzagalak ugurlaryna üns güýçlendirildi.

Günorta Koreýanyň häzirkizaman ykdysadyýetiň emele gelmeginde sosial-medeni faktor ähmiýete eýedir. Adat bolşy ýaly, koreý halkynyň zähmetsöýerligi, bilime ýykgyn etmegi, tertip-düzgünliligi, döwletiň hususy telekeçilik bilen hyzmatdaşlyk etmegine mümkinçilik döretdi. Hepdelik iş wagtynyň köplügi, ýyllyk zähmet rugsadynyň bary-ýogy birnäçe güne deň bolmagy, profsoýuzlaryň işiniň berk çäklendirilmegi ykdysady ösüşe uly itergi berdi. Ömürlik iş orunlary ulgamy işgäre öz ömrüni iş ýeri bilen baglanyşdyrmaga, onuň professional taýýarlygynyň ýokarlanmagyna, işsizligiň pes derejede bolmagyna täsir etdi. Sosial ätiýaçlandyrmalaryň giňden ulanylmagy pensiýa ýaşynyň uzaldylmagy hökümete maýa toplamaga, olary ykdysadyýete gönükdirmäge mümkinçilik berdi. Ykdysadyýeti, esasan, ýerli maýanyň hasabyna ösdürmek koreý ykdysadyýetiniň aýratynlyklarynyň biridir.

## 33.3. Türkmen-koreý hyzmatdaşlygy

Daşary gatnaşyklarynda Bitaraplyk syýasatyna esaslanýan Türkmenistanyň ykdysady hyzmatdaşlyk alyp barýan ýurtlarynyň sany barha köpelýär. Ikitaraplaýyn bähbitli, hoşmeýilli daşary syýasatyny alyp barýan ýurdumyz bilen dürli gatnaşyklary alyp barmak isleýän ýurtlaryň sanyny barha artdyrýar. Ynha, şeýle döwletleriň biri hem Günorta Koreýadyr.

2009-njy ýylyň maý aýynyň 16-syna Koreýanyň premýer-ministriniň ýolbaşçylygynda, düzüminde hökümet agzalaryny we iri işewürleri jemleýän köp sanly adamdan ybarat bolan delegasiýanyň hyzmatdaşlygy giňeltmegiň ugurlaryny kesgitlemek üçin Türkmenistana gelmegi, ikitaraplaýyn bähbitli gatnaşyklary giňden ösdürilmegine badalga berdi. Geçirilen gepleşikleriň barşynda ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek we birek-birege düşünişmek üçin birnäçe Memorandumlara gol çekildi.

Mälim bolşy ýaly, ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň esasy meseleleriniň biri nebit-gaz sektorynda hyzmatdaşlyk etmek bilen baglanyşyklydyr. Çünki Koreýanyň tebigy baýlyklarynyň arasynda uglewodorod baýlyklary düýbünden ýok diýerliklidir. Ýurt özüniň nebit we gaza bolan islegini tutuşlygyna diýen ýaly importyň hasabyna kanagatlandyrýar. Nebiti, esasan, OPEK guramasyna girýän ýurtlardan, gazy Indoneziýadan, Malaýziýadan, Russiýadan we Afrika ýurtlaryndan satyn alýar. Bütin dünýäde nebite we gaza bolan islegiň ýylsaýyn ýokarlanmagy, uglewodorod önümlerini eksport edýän ýurtlarda dürli kynçylyklaryň ýüze çykyp durmagy, Günorta Koreýany bu ugurda täze durnukly hyzmatdaşlary gözlemäge iterýär. Güneşli Diýarymyzda bolsa nebitiň we gazyň ägirt uly gorlary jemlenendir. Hormatly Prezidentimiz öz çykyşlarynda şeýle uly tebigy baýlyklarymyzy ýeke bir türkmen halkynyň däl-de, ähli adamzadyň bähbitlerine ulanmakçydygyny birnäçe gezek tekrarlapdy. Munuň özi milli liderimiziň ynsanperwer daşary syýasatyny alyp barýandygyny görkezýär.

Ykdysady taýdan çalt ösüş depginine eýe, syýasy taýdan durnukly ýurt bolan Türkmenistan bilen nebit-gaz sektorynda hyzmatdaşlyk etmek Koreýa üçin örän amatlydyr. Bu hyzmatdaşlyk arkaly koreý tarapy tebigy gaza barha artýan islegini ygtybarly hyzmatdaş bolan Türkmenistanyň ýardam bermegi bilen üpjün eder we energiýa howpsuzlygyny pugtalandyrar. Türkmenistan barada aýdanyňda bolsa, uglewodorod çig mallaryny gaýtadan işlemegiň tehnologiýasyna eýe bolar. Çünki Türkmenistandan Koreýa ýarym adasyna çenli geçiriji turbalar arkaly tebigy gazy satmagyň harajatlarynyň hem uly boljakdygy düşnüklidir. Bu

meseläni gazy suwuklandyryp satmak arkaly çözüp bolar. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda şeýle önümçilikleriň birnäçesi ýola goýuldy. Zamananyň iň kämil tehnologiýalaryna esaslanýan bu önümçilikler ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny we eksportyny pugtalandyrmakda öwgä mynasyp işleri alyp barýarlar. Emma ylym, tehnologiýa bir ýerde durmaýar. Häzirki wagtda gazy suwuklandyryp satanyňdan ony doňduryp satanyň ykdysady taýdan has peýdalydyr. Gazy daşamagyň täze usuly suwuklandyrylan gazy – 120 gradusda doňduryp, ýörite ýasalan gämiler arkaly äkidilýär. Şeýle çylşyrymly, kämil tehnologiýa bilen üpjün bolan önümçiligiň ýurdumyzda ýola goýulmagy, ykdysady we eksport kuwwatymyzy has artdyrar hem-de ylmyň-tehnikanyň iň soňky gazananlary bilen aýakdaş gitmegimize mümkinçilik berer. Diýmek, gaz sektorynda hyzmatdaşlygy alyp barmak iki tarap üçin hem bähbitlidir.

Hyzmatdaşlygy alyp barmagyň ýene bir ugry hem deňizden nebit almak bilen baglanyşyklydyr. Türkmenistanyň nebit ätiýaçlygynyň ýarysyna golaýy Hazarda jemlenendir. Hazaryň türkmen bölegi 32 blokdan ybarat bolup, nebit gorunyň möçberi deslapky maglumatlara görä 6 milliard tonnadan hem gowrakdyr. Häzirki wagtda deňiz ýalpaklygyndan nebit almak işleri dowam edýär. Bu sferadaky hyzmatdaşlygyň netijesinde Koreýa häzirki günde dünýä bazarynda barha gymmatlaýan çig nebitiň milli ykdysadyýetine, halkyň sosial ýagdaýyna, bahalaryň ösmegine edýän täsirini aradan aýrar. Şeýle hem öz maýasynyň gatnaşmagynda nebit çykarmak arkaly gymmatly bu önüme barha artýan islegini durnukly ýagdaýda üpjün eder.

Türkmen-koreý hyzmatdaşlygynyň geljegi uly bolan ugurlarynyň biri deňiz ulaglary bilen baglanyşyklydyr. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň günbatar kenarlaryny Hazar deňziniň suwlary ýuwýar. Munuň özi suw ýollary arkaly dünýä döwletleri bilen hyzmatdaşlygy alyp barmagymyza mümkinçilik döredýär. Ýurdumyzyň daşary söwdasynyň ýylsaýyn ýokarlanmagy suw ulaglarymyzy hem ösdürmäge mümkinçilik berýär. Suw ulaglarynyň beýleki ulaglara garanyňda artykmaçlygyny belläp geçmeli. Häzirki wagtda ulaglaryň dürli görnüşleriniň içinde iň köp ýük göterýäni deňiz ulaglarydyr. Dünýä söwdasynyň hem 40 göterimden gowragy deňiz ulaglary arkaly amala aşyrylýar.

Hazar deňzi biologik baýlyklara iňňän baýdyr. Käbir maglumatlara görä dünýä bazarynda uly islegden peýdalanýan gara işbiliň 60 göterimden gowragy Hazardan alynýar. Halkara guramalarynyň tassyklamagyna görä her ýyl Hazardan alynmaly işbiliň möçberi 130 müň tonnadyr. Emma bir Russiýanyň özi ýylda 50 müň tonna işbil alýar. Beýleki Hazarýaka döwletleri hem dünýä bazarynda 1 kilogramynyň bahasy müň dollardan-

-da geçýän bu gymmatly önümi almakda pes oturmaýarlar.

Ýurdumyzda balykçylyk hojalygyny ösdürmek üçin kuwwatly gämi flotumyzyň döredilmegi zerurdyr. Ynha şu ýurt bähbitli işde Günorta Koreýanyň öndürýän gämileri zerurdyr. Çünki geçen asyryň 90-njy ýyllaryndan başlap Koreýa öndürilýän gämileriniň sany boýunça Ýaponiýadan öňe geçip, dünýäde birinji orna çykdy. Häzirki wagtda hem bu ýurt hojalyk maksatly, ýagny ýük we ýolagçy gatnadýan gämileri öndürmek boýunça dünýä lideridir.

Gämi gurluşygy boýunça dünýä lideri bilen alyp barjak hyzmatdaşlygymyzyň netijesinde ýakyn wagtyň içinde kuwwatly gämi flotumyz dörediler. Munuň özi deňziň biologik baýlyklaryny peýdalanmakda, ýurdumyza getirilýän we äkidilýän harytlary daşalanda ýol harajatlaryny azaltmakda bahasyna ýetip bolmajak işleriň biri bolar.

Dokma pudagyndaky hyzmatdaşlyk netijeli ugurlaryň biridir. Garaşsyzlyk ýyllarynda emele gelen ýaş pudaklarymyzyň biridigine garamazdan, dokma senagaty özüniň kuwwaty boýunça ýurdumyzyň nebit-gaz senagatyndan soň ikinji pudak hasaplanylýar. Türkmenistanyň dokma senagatynyň geljegi örän uludyr. Tebigy klimat şertlerimiz inçe süýüm berýän gowaçany ýetişdirmäge mümkinçilik berýär. Munuň özi bize pagtany gaýtadan işleýän kärhanalary gurmagymyza şert döredýär. Dokma senagatymyzyň ösdürilmegi bir tarapdan ykdysadyýetimiziň ösüş depginini has çaltlandyrmaga, ilatymyzy iş orunlary bilen üpjün etmäge, býujete gelýän çeşmeleriň sanynyň artmagyna, ilatymyzyň sosial-medeni ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, eksportymyzy diwersifikasiýalaşdyrmagymyza mümkinçilik döredýär.

Beýleki bir tarapdan dünýäniň dokma önümleriniň barha artýan islegini kanagatlandyrmagymyza şert döreder. Halkara guramalarynyň berýän maglumatlaryna görä dünýä ýüzünde dokma önümlerine bolan isleg her ýyl 5 göterim töweregi ýokarlanýar. Türkmenistanda bellenen meýilnamalara laýyklykda pagtanyň öndürilişi ýylsaýyn ýokarlanmak bilen. Diýmek, biziň öňümizde bu pudagy ösdürmek ýeke bir milli ykdysadyýetimiz üçin zerur bolman, eýsem, dünýä hojalygy üçin hem amatlydyr. Elbetde, bu zerurlyk öz-özünden çözülmeýär. Bu işler düýpli maýa goýumlaryny, ägirt uly tagallalary talap edýär. Bu ulgamdaky işleri döwrüň, dünýäň talabyna laýyk alyp barmak üçin Koreýa ýaly ýurt bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek möhümdir. Dokma senagatynda alnyp barylmaly hyzmatdaşlyk pagtany gaýtadan işlemegiň kämil tehnologiýasynyň (halkara dilinde nou-hau) alyş-çalyş edilmegi bilen baglanyşyklydyr. Günorta Koreýada işlenilýän pagtanyň bir bölegi daşyndan getirilýär. Ýöne ýurduň eksportynyň düzüminde dok-

ma önümleri görnükli orny eýeleýär. Günorta Koreýada öndürilen dokma stanoklary GDA-da öndürilen stanoklardan metal talap edijiligi 3 esse, elektrik energiýany sarp edişi 35 göterim pesdir. Emma zähmet öndürijiligi 2,5 esse ýokarydyr. Bu maglumatlar Koreýanyň dokma stanoklarynyň artykmaçlyklaryny subut edýär. Şeýle kämil tehnika we tehnologiýa bilen üpjün edilen dokma senagatymyza degişli kärhanalarymyz halkara bazarlarynda ýokary hilli, bäsleşige ukyply harytlary öndürer.

Ýurdumyzyň ulag gurşawynyň ösdürilmegi, içerki we halkara ýük dolanyşygymyzy has ýokarlandyrar. Çünki söwda gatnaşyklaryny alyp barmak dürli ulag ýollarynyň ösdürilmeginiň üstünden geçýär. Ýurdumyzyň geografiki taýdan amatly ýerleşmegi, içerki ulag ýollarymyz bilen bir hatarda, halkara tranzit ulag ýollarymyzy ösdürmegimize mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda bu ugurda birnäçe işler amala aşyrylýar. Muňa mysal hökmünde gurluşygy uly depginler bilen alnyp barylýan «Demirgazyk-Günorta» ulag geçelgesini görkezmek bolar. Bu ulag koridorynyň türkmen bölegini häzirkizaman aragatnaşyk enjamlary bilen üpjün etmek ikitaraplaýyn gatnaşyklary has hem ösdürmegine alyp barar. Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň Koreýanyň dünýä belli «Hýundai New Super Aero City» şäheriçi awtobuslarynyň synag maksady bilen satyn alynmagy baradaky şertnamany baglaşmaga ygtyýar bermegi, ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň başlangyjy hökmünde baha berip bolar. Eger-de bu awtobuslar synagdan üstünlikli geçen ýagdaýynda bularyň üsti täze satyn alnanlar bilen doldurylar. Umuman, bu ugurdaky hyzmatdaşlyk beýik Galkynyş zamanasynda ilata edilýän awtobus hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga we bu ulgamdaky öňde goýlan meseleleri çözmäge mümkinçilik berer.

Türkmen-koreý gatnaşyklarynda uly üns berilmeli ugurlaryň biri hem döwletara maýa goýum işlerini has işjeňleşdirmek bilen baglydyr. Günorta Koreýa häzirkizaman dünýä hojalygynyň iň iri maýa çykarýan ýurtlarynyň birinji onlugyna girýän ýurtlaryň biridir. Häzirki wagtda Koreýa her ýylda 120 milliarda golaý kapitaly daşary ýurtlaryň ykdysadyýetine gönükdirýär. Koreýanyň daşary ýurt maýa goýum syýasaty günbatar ýurtlaryna garanyňda has ýumşakdyr. Bu syýasat ýeke bir maýa goýujynyň bähbitlerini göz öňünde tutman, kapitaly import edýän ýurduň hem bähbitlerini ýzarlaýar. Koreýanyň kapital eksportynda döwlet maýasyna uly orun degişlidir. Döwlet maýasy ýeňillikli şertlerde we uzak möhlete berilmäge esaslanan. Ýurduň daşary ýurt maýa goýum syýasaty Eksport-import bankynyň üsti arkaly amala aşyrylýar. Geçirilen gepleşige laýyklykda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen Koreýanyň Eksport-import bankynyň arasynda eksport karzyny bermek barada birek-bire-

ge düşünişmek barada Memoranduma gol çekildi. Bu ylalaşygyň ýurdumyzy karz serişdeleri bilen üpjün etmekde ägirt uly ähmiýeti bolar. Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň özboluşly gurluşyk meýdançasyna öwrüldi. Ägirt uly gurluşyk taslamalaryny ýerine ýetirmek daşary ýurt maýasyna bolan islegiň ýokarlanmagyna getirýär. Daşary ýurt maýasyny milli ykdysadyýete çekmek, onuň netijeli işlemegini üpjün etmek üçin ýurdumyzda ýeterlik tejribe toplanyldy. Bu ugurdaky alnyp barylýan işlere «Awaza» milli erkin syýahatçylyk zolagyny mysal getirmek bolar. Şeýle-de çalt depginler bilen ösýän ýurdumyzyň eksportyny karzlaşdyrmakda bu ylalaşygyň möhüm ähmiýeti bolar.

# XXXIV BAP
# ARAP ÝURTLARYNYŇ YKDYSADYÝETI

## 34.1. Arap döwletleriniň umumylyklary we aýratynlyklary

Arap ýurtlary Afrikanyň tutuş demirgazygyny, Günbatar we Günorta-Günbatar Aziýany eýelemek bilen, üç yklymyň çaltrygynda, wajyp strategiki sebitde ýerleşýärler. Arap döwletleri jemi 16 sany ýurtdan ybarat bolup, dünýä ilatynyň 5%-i, DJÖ-niň 4,5%--ine golaýy öndürilýär.

Arap ýurtlarynyň hemmesi ösüp gelýän döwletlere degişlidir. Olar makroykdysady görkezijiler, durmuşyň hili ýaly görkezijiler boýunça biri-birinden dünýäde tapawutlanýarlar. Nebiti eksport edýän ýurtlar bolan BAE, Saud Arabystany, Kuweýt, Bahreýn ýaly döwletlerde JIÖ-niň adam başyna düşüşi, durmuşyň hili Ýewropa döwletleri bilen deňleşýär. Emma Ýemen, Marokko ýaly döwletlerde makroykdysady görkezijileriň derejesi örän pesdir.

Arap ýurtlarynyň içerki durmuşynda etniki konfessional, ykdysady gapma-garşylyklar dowam edýär. Ýeke-täk, bütewi arap döwletini döretmek baradaky pikirler indi düýpli goldaw almaýar.

Sebit ýurtlarynyň ykdysadyýetini adaty we häzirkizaman hojalygy ýaly böleklere bölüp bolar. Hojalyklaryň bu iki görnüşi koloniýaçylyk geçmişden miras galyp, daşary bazarlara baglylygy ýokarydyr.

Adaty sektor geçmişden miras galyp, milli däp-dessurlar, din bilen baglanyşyklydyr. Ol aýratyn hem oba ýerlerinde has güýçli bolup, bilimiň, häzirkizaman tehnologiýalarynyň durmuşa ornaşdyrylyşy hem gowşakdyr.

Adaty sektor esasan senetkärçilige, daýhançylyga, külalçylyga, dürli hyzmata we söwda esaslanýar.

Ykdysady ösüş häzirkizaman sektorynyň hasabyna gazanylýar. Aýratyn-da, uglewodorodlary gazyp almak, gaýtadan işlemek, eksport etmek arap ýurtlarynyň ykdysadyýetleriniň esasyny düzýär.

Müsür, Temis, Siriýa ýaly döwletlerde örän uly uglewodorod gorlary bar hem bolsa, daşary ýurt maýa goýumlarynyň ýetmezçiligi bardyr. Özgertmeleriň haýal durmuşa geçirilmegi haýal ykdysady ösüşe getirdi. Bu ýurtlar, esasan, azyk howpsuzlygyna uly üns berýärler. Şonuň üçin olarda ýeňil we azyk senagaty ösendir.

Ýemen, Sudan, Mawritaniýa, Marokko ýaly ýurtlarda ykdysady ösüş has pesdir. Yrak, Liwiýa ýaly ýurtlaryň ösmäge uly mümkinçiligi bolsa-da, köp ýyllaryň dowamynda halkara gysyşlara, sanksiýalara sezewar edildi.

Arap ýurtlarynyň ykdysadyýetinde täsir edýän faktoryň biri hem olaryň köpüsinde diktatorçylyk gurluşyň, döwlet eýeçiliginiň höküm sürmegidir. Esasy, pudaklarda döwlet eýeçiligi saklanyp, hususy telekeçilik pugta gözegçilikde saklanylýar. Şeýle hem bu sebit ýaragly çaknyşyklaryň häli-şindi ýüze çykyp duran ýerleriniň biridir. Munuň özi hususy maýanyň ätiýaçly hereket etmegi, onuň daşary ýurtlara akmagyna getirýär. Ýaragly çaknyşyklar, syýasy durnuksyzlyk Arap ýurtlarynyň harby harajatlarynyň artmagyna getirýär. Ýaraglanyşygyň ösüş derejesi boýunça bu sebit dünýäde 1-nji orunda durýar. Bu ýagdaý ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryna goýberilýän serişdeleriniň azalmagyna getirýär.

«Arap bahary» diýip at alan raýatlyk tolgunyşyklary netijesinde Yrak, Alžir, Müsür, Tunis, Ýemen, Siriýa ýaly ýurtlarda diktatorçylyk gurluş ýykyldy. Häzirki wagtda bu ýurtlarda düzümleýin özgertmeler geçirilýär, daşary gatnaşyklar erkinleşdirilýär döwlet eýeçiligi hususylaşdyrylýar.

Arap ýurtlarynda düzümleýin özgertmeleri geçirmek düýpli garşylykly häsiýete eýedir. Nebit gazyp alýan we eksport edýän ýurtlarda ykdysadyýetini diwersifikaýalaşdyrmaga mümkinçilik bardyr. Emma beýleki arap ýurtlarynda bu mesele uly kynçylykly amala aşýar. Mysal üçin, agrar-senagat toplumy ösdürmek dürli kynçylyklara sezewar bolýar. Olara suw ýetmezçiligi, sürümli ýerleriň azlygy, zähmet öndürijiliginiň pesligi, oba hojalygyny mehanizmleşdirmegiň haýal alnyp barylmagy degişlidir. Iri oba hojalyk önümlerini öndürijiler bolan Müsüriň we Sudanyň paýyna ähli arap ýurtlarynda öndürilýän oba hojalyk önümleriniň 90%-i düşýär. Tutuş sebitiň ilatynyň 1/3 bölegi oba hojalygynda zähmet çekýär. JIÖ-niň 15%-ni oba hojalyk harytlary tutýar. Azyga bolan islegiň 70%-i içerki öndürijileri tarapyndan kanagatlandyrylýar.

Senagatda, esasan, nebiti gazyp almak we ony ilkinji gezek gaýta-

dan işlemek agdyklyk edýär. Nebit--himiki senagaty esasan Alžirde, Liwiýada, Müsürde ösendir. Senagaty diwersifikasiýalaşdyrmak haýal alnyp barylýar.

Arap ýurtlarynyň gaýtadan işleýän senagatynda esasy orun ýeňil we azyk senagatyna degişlidir. Şeýle hem gadymdan gelýän ownuk senetkärçiligiň önümleri giňden ýaýrandyr.

Hyzmat ediş sferasy sebit ýurtlarynyň ykdysadyýetinde wajyp orny eýeleýär. Üç yklymyň çatrygynda ýerleşmegi üstaşyr ýollarynyň bu ýurtlaryň üstünden geçmegine getirýär. Bu amatly geografiki ýerleşişden käbir arap ýurtlary halkara söwda, Bahreýnde halkara maýa goýumlar, Saud Arabystany we Palestinada zyýaratçylyk. Müsürde syýahatçylyk uly girdejileri getirýär.

Arap ýurtlarynyň aýratynlyklarynyň biri hem ilatyň örän çalt artmagydyr. Arap ýurtlarynda ilatyň 40%-e golaýy ýaşlaryň paýyna düşýär. Zenanlaryň tutýan orny ähli işewürleriň içinde bary-ýogy 10%-e barabardyr. Nebit eksport edýän ýurtlarda köp sanly iş orunlar migrasiýalaryň hasabyna çözülýär. Mysal üçin, Kataryň umumy ilatynyň 81%-i, BAE-niň 70%-i migrantlar. Pars aýlagy ýurtlarynda zähmet resurslary ýetmezçilik etse, Ýemen, Sudan ýaly ýurtlarda işsizlik örän ýokarydyr. Bu ýurtlardaky işçi güýjüniň hili, bilim, hünär derejesi pesdir. Arap ýurtlarynyň içinde Müsüre, «kadr ussahanasy» diýilýär. Müsür Ýewropanyň we ABŞ-nyň öňdebaryjy uniwersitetleri bilen hyzmatdaşlyk etmegiň netijesinde ýokary hünär taýýarlykly kadrlary ýetişdirýär.

Häzirki wagtda daşary ýurtlarda, aýratyn-da Günbatar Ýewropada 4 million töweregi arap ýaşlary ýokary bilim alýarlar. Olaryň köpüsi yzlaryna dolanman, Ýewropada galýarlar.

Arap ýurtlarynyň durmuş-medeni derejesi tapawutlydyr. BAE, Katar, Kuweýt, Saud Arabystany, Bahreýn ýaly ýurtlarda nebitden gelýän serişdeleriň hasabyna ýokary sosial şertler döredilendir. Emma Müsür, Marokko, Mawritaniýa, Siriýa ýaly ýurtlarda durmuş-medeni ulgamyň görkezijisi örän pesdir.

## 34.2. Ösüşiň daşary faktorlary

Arap ýurtlarynyň köpüsinde daşary söwda ähmiýetli orny eýeleýär. Arap ýurtlarynyň hemmesi diýen ýaly nebit, tebigy gaz, mineral çig mallary öndürmäge we eksport etmäge ýöriteleşendir. Olaryň importynyň düzüminiň 75%-ini senagat harytlary, enjamlar, ulag serişdeleri, durmuş häsiýetli harytlar tutýar. Ýemen, Iordaniýa ýaly ýurtlar halkara azyk kö-

megini alýarlar. Durmuş ähmiýetli wajyp harytlary iň köp eksport edýän arap ýurdy, alýan ýurtlaryň umumy girdejileriniň 90%-ini üpjün edýär. Nebiti eksport edýän arap ýurtlary iri nebit öndürijileri bolup, dünýä eksportynyň 2/3 bölegine gözegçilik edýärler. Iri nebit çykarýan ýurtlaryň eksporty soňky ýyllarda diwersifikasiýalaşyp başlady. Eksportyň düzümine täze goşulan harytlara suwuklandyrylan gaz, alýumin prokaty, dökünler, sement degişlidir.

Arap ýurtlarynda daşary ýurt maýasyny çekmäge uly mümkinçilikleri bolsa-da, dürli ýagdaýlar arkaly kapitalyň halkara hereketini çäklendirýärler. 2004-nji ýyla çenli bu sebite çekilen daşary ýurt maýa goýumlarynyň umumy möçberi 130 milliard dollar töwereginde saklandy. Bu sebitde daşary ýurt maýasy üçin ýokary amatly şertler döredilen ýurt Birleşen Arap Emirlikleridir (BAE). Döredilen ýeňillikler emirlikleriň gysga wagtyň içinde sebitiň täjirçilik merkezine öwrülmegine getirdi. Häzirki wagtda BAE-de müňe golaý TMK-laryň bölümleri hereket edýär.

Nebiti köp eksport edýän arap ýurtlary soňky ýyllarda düýpli öwrülişikleri amala aşyrdylar. Olar nebit kompaniýalaryny millileşdiren bolsalar-da, nebiti daşamakda daşary ýurt TMK-lara baglydyrlar. Indi, olar hususy tanker flotunyň üsti bilen nebiti daşamak, gaýtadan işlemek, ýerleşdirmek işini doly öz ellerine aldylar. Bu hereketler goşmaça girdejileri emele getirdi. Bu goşmaça girdejiler daşary ýurt maýasyna bolan garaşlylygyň aradan aýylmagyna mümkinçilik döretdi.

Nebitden gelýän girdejiler arap döwletleriniň daşary ýurtlara kapital çykaryp başlamagyna getirdi. «Nebit dollarlary» diýip at alan maýa goýumlar, esasan, Günbatar Ýewropanyň we ABŞ-nyň banklaryna goýup başlandy. Olara, esasan, ssuda kapitaly degişlidir. Pars aýlagyndaky ýurtlar dünýäniň maliýe merkezleriniň birine öwrüldiler. Häzirki wagtda diňe Saud Arabystanynyň daşary ýurtlaryň banklarynda 1 trilliondan gowrak maýa goýumlary bar diýlip hasap edilýär.

## 34.3. Alžiriň ykdysadyýeti

Alžir arap ýurtlarynyň biri bolup, ilaty 40 million adama golaýdyr. Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda hojalygyň ähli pudaklary merkezleşdirilen meýilnama esasynda ýöredildi. Esasy pudaklarda hususy eýeçilik gadagan edildi. Ykdysadyýetiň nebitiň we gazyň eksportyna baglylygy ýokarlandy. Bu ýagdaý daşarky bergileriň artmagyna, hojalyk meseleleriniň ýitileşmegine, nägilelikleriň köpelmegine getirdi.

1999-njy ýylda täze häkimiýetiň gelmegi bilen HPG-niň maslahaty esasynda ykdysady özgertmeler geçirilip başlandy. Hususy telekeçilige giň ýol açyldy. Hususy sektor aýratyn-da azyk we ýeňil senagatda has işjeň hereket edýär. Hyzmat sferasynyň 80%-i, oba hojalygynyň 90%-i, hususy telekeçileriň elinde jemlenendir. Daşary ýurt maýa goýumlaryny has höweslendirmek maksady bilen, millileşdirilen nebit-gaz kompaniýasy bolan SONATRAK hem hususylaşdyryldy. Emma hususyýetçilige uly üns berilýändigine garamazdan, ykdysady ösüşiň pesligi çözülmän gelýän meseleleriň biridir.

Alžiriň esasy tebigy baýlygy nebit we gazdyr. Nebit eksportdan gelýän girdejileriň 90%-ini, býujet serişdeleriniň 50%-ini, JIÖ-niň 35%-ini eýeleýär. Ýurt suwuklandyrylan tebigy gazy eksport etmekde dünýäde 2-nji orny eýeleýär. Günbatar Ýewropa ýurtlaryna her ýylda 50 milliard $m^3$ suwuklandyrylan gaz eksport edilýär. Gara we reňkli metallurgiýanyň maşyn gurluşyk we ýygnama esasynda işleýän uly bolmadyk kärhanalary hereket edýär. Oba hojalygy ilatyň azyga bolan isleglериniň ýarysyna golaýyny kanagatlandyrýar. Daşary ykdysady syýasatynda işjeň hyzmatdaş we ynamdar maýa goýum ýurdy hökmünde tanalmaga çalyşýar. Import maşynlardan, enjamlardan, ulag serişdelerinden, ýarym fabrikatlardan we azyk önümlerinden ybaratdyr. Esasy söwda hyzmatdaşy ÝS ýurtlarydyr.

## 34.4. Siriýanyň ykdysadyýeti

Resmi ady Siriýa Arap Respublikasy bolup (SAR), gözbaşyny gadym döwürlerden alyp gaýdýan ýurtlaryň biridir. Ykdysadyýeti garyşyk görnüşli bolup, döwlet sektory örän ýokarydyr. Senagat önüminiň 75%-i, milli baýlygyň 30%-i döwletiň paýyna düşýär. Ýurduň umumy meýdany 185,2 müň $km^2$ bolup, ilaty 20 milliona golaýdyr. Paýtagty Damask dünýäniň iň gadymy şäherleriniň biridir. JIÖ-niň möçberi 2010-njy ýylda milliard dollara deň bolup, JIÖ-niň adam başyna düşüşi SAP boýunça müň dollara barabardyr. JIÖ-niň düzüminde oba hojalygy 28.5%-i, senagat 29.4%-i, hyzmat 42.1%-i tutýar. Tebigy baýlyklardan demir magdanynyň, hranyň, uranyň, margensiň, misiň, kükürdiň, gurluşyk çig-mallarynyň, nebitiň, gazyň, fosforitleriň senagat ähmiýetli uly gorlary jemlenendir. Gaýtadan işleýän senagatyna nebiti gaýtadan işleýji, himiýa, dökünler, dürli görnüşli sowadyjylar, gurluşyk materiallary, egin-eşikler, matalar, deri önümleri, azyk, milli senetkärçilik harytlary degişlidir. Ýurduň energiýa çeşmeleri ýeterlikdir. Elektrik energiýasynyň ýarysyndan gowragy

GES-de, galan bölegi ÝES-de öndürilýär.

Esasy pudaklarynyň biri-de oba hojalygydyr. Ekerançylykda bugdaý, gowaça, gant şugundyry, temmäki ösdürilýär. Maldarçylyk umumy oba hojalyk önüminiň 1/3 bölegini berip, iri şahly mallar, dowarlar, guşçulyk ösdürilýär. Daşary ykdysady gatnaşyklarynda ynamdar hyzmatdaş hökmünde tanalmaga dyrjaşýar. Daşary ýurt kapitalyny, esasan, dostlukly hasaplaýan döwletlerden çekmäge uly üns berýär. Emma günbatar ýurtlary, aýratyn-da ABŞ ýurduň hökümetine ynamsyzlyk bilen garaýar.

Eksportynyň düzüminiň, esasan, nebit we nebit önümleri, dokma, deri önümleri, pagta, süýüm tutýar.

Importyny metallar, enjamlar, ulag serişdeleri, harby ýaraglar, agaçlar, medisina harytlary tutýar.

## 34.5. Saud Arabystanynyň ykdysadyýeti

Arap ýarym adasynda ýerleşýän iň iri ýurt bolmak bilen, diňe bir arap ýurtlarynyň arasynda däl-de, tutuş yslam dünýäsinde dini-syýasy taýdan iň täsirli ýurdudyr. Döwlet dolandyryşy konstitusion monopoliýa bolup, döwlet baştutany patyşadyr. Onuň «Iki Mukaddesligiň Hyzmatkäri» diýen tahallusy (lakamy) bardyr. Döwlet ministrleri, ýerli häkimleri patyşa nebereleri tarapyndan dolandyrylýar. JIÖ-niň möçberi 2010-njy ýyl boýunça milliard, onuň adam başyna düşüşi SAP boýunça müň dollara barabardyr.

Saud Arabystany halkara ykdysady gatnaşyklara işjeň gatnaşýan ýurtlaryň biridir. Geçen asyryň ortalarynda ýurtda ýokary hilli nebitiň ägirt uly gorlarynyň üstüniň açylmagy ýurduň ykdysadyýetiniň, halkyň durmuş-medeni ýagdaýynyň örän çalt ýokarlanmagyna getirdi. Saud Arabystany OPEK ýurtlarynyň we dünýä döwletleriniň arasynda nebit gorlary, onuň eksporty boýunça 1-nji orny eýeleýär. Nebitiň köp mukdarda öndürilmegi we eksport edilmeginiň üsti bilen dünýäde nebitiň bahasyna özüniň düýpli täsirini ýetirýär. Bu täsir globallaşma şertlerinde industrial döwletlerde has ýiti ýüze çykýar. Çünki Saud Arabystanynyň nebitini köp eksport edijiler günbataryň ösen döwletleridir. Bu ýurt nebiti syýasy ýarag hökmünde hem ulanýar.

Nebit eksportyndan her ýylda ýüzlerçe milliard dollar girdeji gazanylýar. Girdejiler, köplenç, halkyň durmuş-medeni ýagdaýyna gönükdirilýär. Munuň özi nebitden gelýän girdejileri halka deň paýlamak syýasatyndan gelip çykýar. Häzirki wagtda saudlylar durmuş-medeni derejesi boýunça has oňaýly şertlerde ýaşaýarlar. Ilat döwletden köp görnüşli subsidiýalary alýar, salgytlaryň derejesi örän pesdir. Ýaşaýyş jaýlar, bilim, medisina hyzmatlary mugtdur.

## 34.6. Birleşen Arap Emirlikleriniň (BAE) ykdysadyýeti

Ýokary derejede durmuş-medeni oňaýlylyklary döredilen arap ýurtlarynyň biri hem BAE-dir. Ýurduň territoriýasynyň ululygy 83.6 müň km²-e, ilaty 4.28 million adama barabardyr. BAE 7 sany emirliklerden ybarat bolup, döwlet dolandyrylyşy monarhiýadyr. Meýdanynyň örän kiçiligine garamazdan, nebitiň dünýä boýunça ähmiýetli gorlary jemlenendir.

Ykdysadyýet, esasan, nebit eksportyna nazarlanmak bilen, nebitden gelýän girdejileriň hasabyna örän ýokary durmuş-medeni şertler döredilendir. Nebitiň dünýä boýunça gorunyň 10%-i jemlenip, bu görkeziji boýunça dünýäde 3-nji orny eýeleýär. Tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde 4-nji orunda durýar.

Senagaty, esasan, nebit-gazy gazyp almak, gaýtadan işlemek, gara we reňkli metallurgiýa, azyk döküni, plastmassa, gämi remonty, gurluşyk materiallary pudaklaryndan ybaratdyr.

Oba hojalygy geçirilen özgertmeleriň netijesinde bugdaý bilen özüni üpjün etmek bilen çäklenmän, ony eksport hem edýär. Maldarçylykda esasan düýeler, atçylyk, dowarlar ösdürilýär.

Ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak halkara syýahatçylyga, halkara ulag hyzmatlaryna uly orun degişlidir. «Emirates» dünýäniň iň iri uçar kompaniýalarynyň biridir.

Daşary ykdysady gatnaşyklarynyň düýpli erkinleşdirilmegi netijesinde arap ýurtlarynyň arasynda «täjirçilik merkezi» hasaplanylýar.

Eksportyň düzümi nebit we nebit önümlerinden, suwuklandyrylan gazdan, alýumin prokatyndan ybaratdyr. Importyny maşyn-gurluşyk, ulag, durmuş harytlar, elektronika azyk harytlary tutýar.

## 34.7. Müsür Arap Respublikasy (MAR)

Diňe bir Afrikanyň däl, eýsem Arap Gündogarynyň hem esasy ýurtlarynyň biridir. Müsür gadymy medeniýetiň esasy ojaklarynyň biri bolup, oňa gaty köp halklaryň medeniýeti hem güýçli täsir edipdir. Bu ýurduň jemi meýdany 1001,4 müň inedördül kilometrdir. Bu döwlete Sinaý raýat adasy hem degişlidir. Onuň meýdany 130 müň inedördül kilometr. Müsür

Ysraýyl, Palestina, Liwiýa ýaly ýurtlar bilen araçäkleşýär. Demirgazygynda bolsa Ortaýer deňzi ýerleşýär. Sues kanaly bu ýurduň içi bilen jemi 173 kilometr, ýagny tutuşlygyna akyp geçýär. Sues kanalynyň açylmagy netijesinde Ortaýer deňzinden Hindi ummanyna çenli iň gysga ýoly bu ýurduň üstünden geçýär diýildigidir. Bu kanalyň açylmagy bilen Müsür örän amatly ýurda öwrülipdi. Sebäbi bu kanaldan geçýänligiň üçin tölenýän töleg ýurduň gyzyl walýuta girdejileriniň biri bolup durýar. Ýöne bu kanalyň Müsüriň üstüne betbagtçylyk getiren ýagdaýlary hem bolupdy. Sebäbi ilki iňlis, soňra ysraýyl basybalyjylary bu kanala göz gyzdyryp, ony öz gözegçiliklerinde sakladylar. Milli azat-edijilik hereketiň netijesinde bu kanal ýene-de millileşdirildi.

Müsüriň esasy ilaty araplardyr. Olaryň hem aglabasy musulmanlardyr. Şeýle-de az sanly hristianlar hem ýaşaýar.

Müsüriň paýtagty Kair şäheridir. Ol dünýäniň iň iri şäherleriniň biridir. Häzirki wagtda onuň ilaty 16 million adama golaýdyr. Kair şäheri Müsüriň dini, medeni, ykdysady ojagydyr. Ýurduň jemi ilaty daşary ýurtly müsürlileri goşanyňda 63 million adam diýlip hasap edilýär (2000-nji ýyl boýunça). 2050-nji ýylda ýurduň ilaty 85 million bolar diýlip çak edilýär. Daşary ýurtlarda bolsa müsürlileriň 3,5 milliondan gowragy ýaşaýar.

Müsür prezident dolandyryşly respublikadyr. Prezidenti 7 ýyl möhlet bilen çäklendirilmesiz hukuk bilen birnäçe gezek saýlanyp bilýär.

Ýurduň kanun çykaryjylyk organy bir palataly Halk ýygnagydyr. Ol 454 halk wekilinden ybarat bolup, olaryň 10-sanysy göni Prezidentara paýyndan saýlanylýar.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Müsür Ýakyn Gündogaryň we Afrikanyň iň ösen ýurdudyr. Müsür 1980-nji ýyllardan başlap diýseň durnukly ösüşe eýe bolup başlady. Daşary ýurt maýadarlar üçin giň mümkinçilikler döredilipdi. Bu ýurt 1980–1990-njy ýyllarda jemi içerki önümini ýylda 5,4 göterim bilen ösdürmegi başarypdy. 1990–2000-nji ýyllar aralygynda 4,6 göterim ösüş gazandy. 1993–1994-nji ýylda bu ýurduň jemi içerki önümi 41,3 milliard dollar bolan bolsa, 2002-nji ýylda bu san 60 milliard dollara barabar boldy. Jemi içerki önümiň jan başyna düşýän bölegi barha ýokarlanýar. Mysal üçin, JIÖ-niň jan başyna düşýän 1994-nji ýylda 520 dollar bolan bolsa, 2001-nji ýylda bu san 600 dollardan hem geçdi. Aýratyn bellemeli zat hem öndürilýän önümiň içinde hususyýetçileriň paýy barha ösýär. Hut häzirki günlerde önümde hususy sektoryň paýy 65 göterimdir. Galany bolsa döwlet we dürli eýeçilikdäki öndürijileriň paýyna düşýär.

Ýurtda oba hojalygynyň ähmiýeti örän ýokary. Oba hojalygyň jemi içerki önümdäki paýy 16 göterime golaýdyr. Ýurduň jemi ekin meýdany 4,9 million gektara barabar bolup, onuň 3,1

million gektary işlenilip bejerilýän ýerlerdir. Müsüriň ýer meýdanynyň diňe 4 göterime golaýy işläp bejermäge ýaramlydyr. Sebäbi onuň meýdanynyň 90 göterime golaýyny çöllük meýdan tutýar. Çöl ýerlerde diňe maldarçylyk ösdürilýär. Maldarçylygyň esasy ugurlary düýe we goýunlardyr.

Müsür azyk önümlere bolan isleginiň 40 göterime golaýyny üpjün edip bilýär.

Ýurduň senagatynyň esasy pudaklary nebit we gaz çykaryjy we gaýtadan işleýji ýeňil we azyk senagaty hereket edýär. Täze döredilen we barha ösdürilýän pudaklarynyň biri hem metallurgiýa senagatydyr. Bu senagat 1980-nji ýyllarda döredilipdi. Şeýle hem bu ýurtda maşyn gurluşyk senagatynyň käbir pudaklary hem hereket edýär. Senagat önümçiliginde esasy orny döwlet eýeçiligi eýeleýär. Senagat önümçiliginiň möçberiniň 70 göterime golaýy, haryt eksportynyň 90 göterime golaýy döwletiň paýyna düşýär. Elektrik energiýasyny öndürmek, nebit we gaz çykarmak we gaýtadan işlemek tutuşlaýyn döwletiň eýeçiligindedir. Ýurduň nebit we gaz ätiýaçlygy beýle bir uly däl. Häzirki wagtda nebitiň ýüze çykarylan gorlary 981 million tonnadyr. Her ýylda 4,5–5 million tonna nebit çykarylýar. Gazyň ätiýaçlygy bolsa 5 trln. 950 milliarda golaýdyr. Onuň her ýylda 11,3 milliard $m^3$-i çykarylýar. Umuman alanymyzda, geljekki 10 ýyllyklarda Müsür nebiti daşyndan satyn alar diýlip çak edilýär.

Müsüriň ykdysadyýetiniň esasy ugurlarynyň biri hem işçi güýjüni eksport etmekden ybarat. Her ýylda işçi güýjüniň satylmagyndan ýurda 6–8 milliard dollar girdeji gelýär diýlip çak edilýär. Munuň özi Sues kanalyny peýdalanandan hem has peýdalydyr. Sues kanalyndan 3,5–4 milliard dollar peýda alynýar. Işçi güýjüni eksport etmek Müsürde öňe sürülýän esasy meseleleriň biridir. Bu ýagdaý ýurtda işsizligi azaltmaga hem mümkinçilik döredýär. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, häzirki wagtda müsürlileriň 3,5 milliony öz ýurtlaryndan daşarda zähmet çekýärler. Olaryň köpüsi hem şol ýurtlarda raýat bolup galypdyr. Olar esasan hem ABŞ-da, Fransiýada we Angliýada ýaşaýarlar. Müsüriň esasy hyzmatdaşlyk edýän ýurtlary hem şolardyr. Häzirki wagtda Müsüriň daşary söwdasynyň ýurtlar boýunça paýlanyşyny aşakdaky tablisada seredip geçeliň.

Garaşsyzlyk ýyllarynda başlanan, Beýik Galkynyş zamanasynda üns has güýçlendirilen ulag kommunikasiýa ulgamynda alnyp barylјak hyzmatdaşlygyň geljegi örän uludyr. Müsüriň daşary söwdasynyň haryt dolanyşygy ýylda 55,9 milliard müsür funtuna barabar bolupdy. Bu diýildigi 16,6 milliard amerikan dollaryna deň diýildigidir.

Şol sanda ýurduň eksporty 5,1 milliona, importy bolsa 11,5 million dollara deň boldy.

Ýurduň ykdysadyýetiniň esasy pudaklarynyň biri hem syýahatçylyk-

*15-nji tablisa*

**Müsüriň iri hyzmatdaş ýurtlary**

| | Ýurtlar | Paýy%-de |
|---|---|---|
| 1 | ABŞ | 13,1 |
| 2 | GFR | 9,8 |
| 3 | Fransiýa | 8 |
| 4 | Italiýa | 7,6 |

Çeşmesi: мир на рубеже тысячелетий Москва 2006 г.

dyr. Gadymy ösen medeniýete eýe bolan Müsüre ýylda millionlarça jahankeşdeler gelýär. Jahankeşdeleriň sany boýunça Müsür dünýäde öňdäkileriň hataryndadyr.

Soňky ýyllarda Müsüriň ykdysadyýeti ösüş depginini gowşadyp başlady. Aýratyn hem Yrak urşy Müsüre hem uly zyýan ýetirdi. Bilermenleriň çaklamasyna görä, bu uruşda Müsür 15 milliard dollar zyýan çeker diýip hasap edilýär. Müsür ykdysadyýetiniň eýeleýän syýahatçylyk we eksport pudaklarynyň bu ýitgilerden saplanmagy üçin ep-esli wagt gerek boljakdygy aýdylýar. Müsüriň syýahatçylyk ministrligi tarapyndan berlen beýanatda 2003-nji ýylda syýahatçylyk pudagynyň girdejisini 38 göterim pese gaçyp, 3,65 mlrd. dollardan 2,25 mlrd. dollara düşüpdi.

BMG-niň «Azyga derek nebit» atly maksatnamasyna laýyklykda Yrak bilen 1996-njy ýylda şertnama baglaşan Müsür Yraga dürli önümleri eksport edýärdi. Yrak urşy Müsüriň bu sebitdäki ýurtlara edýän eksportyna uly täsir etdi. Türkiýä edilýän eksporty bütinleý togtady. Müsür Türkiýä ýylda 7,5 million tonna suwuklandyrylan gaz satmak boýunça 1996-njy ýylda şertnama baglaşypdy. Müsüriň merkezi bankynyň beren maglumatyna görä, 2003-nji ýylyň ikinji ýarymynda ýurduň daşary ýurda bergileri artyp, 28,8 mlrd. dollara ýetipdi.

Häzirki wagtda Müsürde täze karar kabul edilip, onda eksporta uly goldaw berler diýip çak edilýär. Täze karara laýyklykda eksport we import işleri bir ýerde dolandyrylar. Şeýle hem müsürli ykdysatçylar Yragy dikeltmegiň zerurdygyny aýdýarlar. Sebäbi Yraga her ýyl 2,8 mlrd. dollarlyk haryt eksport edilýärdi. Emma bu işiň amala aşmagy üçin pesinden 8–10 ýylyň gerekligi hem aýdylýar.

Müsür–Türkmenistan gatnaşyklary 1995-nji ýyldan başlap ýola goýuldy we ösüp başlady. Iki döwletiň hyzmatdaşlygy ýangyç-energetika kompleksi, söwda we milli kadrlary taýýarlamak boýunça alnyp barylýar. Şeýle hem Türkmenistanyň paýtagty gözel Aşgabatda arap uniwersitetini açmak barada hem ylalaşyldy.

## 34.8. Türkmenistanyň arap ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy

Ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda arap ýurtlary bilen hyzmatdaşlyga aýratyn orun berilýär. Ikitaraplaýyn gatnaşyklar çalt depginler bilen ösdürilýär. Aýratyn-da Saud Arabystany, BAE, Bahreýn, Katar ýaly arap döwletleri bilen ysnyşykly gatnaşyklar barha ýokarlanýar. Hormatly Prezidentimiziň 2007-nji ýylda arap ýurtlaryna eden saparlarynda, bu ýurtlar bilen dürli hyzmatdaşlygy ösdürmäge itergi berýän birnäçe möhüm ylalaşyklar baglaşyldy. Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmegiň esasy ugurlaryna ýangyç-energetika, oba hojalygy, maýa goýumlar degişlidir. Hormatly Prezidentimiziň Saud Arabystanyna eden saparynda Türkmenistana ägirt uly möçberlerde maýa goýmak isleýändiklerini beýan etmekleri ýurdumyz bilen arap döwletleriniň uly gyzyklanma bilen garaýandyklaryny subut edýär. Häzirki wagtda Saud Arabystanynyň günbatar ýurtlarda 1 trillion dollardan gowrak maýasy bar. Ol maýalaryň bir böleginiň milli ykdysadyýetimize çekilmegi çalt depginler bilen ösýän ýurdumyzyň mundan beýläk hem ösmegine has uly itergi berer. BAE-niň kompaniýalary bolsa garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan bäri esasy hyzmatdaşlarymyzyň biri hökmünde tanalýar. Aýratyn-da energetiki pudaklarymyza BAE-niň kompaniýalary has işjeň gatnaşýarlar. Umuman alanyňda, türkmen-arap gatnaşyklary ysnyşykly, çalt ösýän häsiýete eýedir.

# XXXV BAP
# LATYN AMERIKASY ÝURTLARY DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINDE

## 35.1. Latyn Amerikasy ýurtlarynyň umumylygy we aýratynlyklary

Latyn Amerikasy sebiti, ösüşiň yzyna eýerýänligi bilen aýdyň tapawutlanýar. Ýurtlaryň aglabasy ösüp gelýän döwletlerdir. Olaryň arasynda Braziliýa ýaly ägirtler bütin Latyn Amerikasynyň JIÖ-niň 30%-e golaýyny öndürýär.

28. Sargyt № 1094.

Latyn Amerikasynda dünýäniň JIÖ-niň 8%-i öndürilýär. Şeýle hem onuň dünýä ilatynyň 5%-i ýaşaýar. Bu «dünýäniň 3-nji derejeli» has ösen sebitidir.

Sebitiň hemme ýurtlarynyň umumy durmuş, ykdysady we taryhy kökleri bardyr. Eýýäm XIX asyrda garaşsyzlygyny gazanan Latyn Amerikasy ýurtlary, bir tarapdan ykdysadyýeti ösen kapitalistik ýurtlara bagly boldular, sebitiň ýurtlarynyň hemmesiniň içerki ykdysady we syýasy hökmürowanlygy daşary ýurt maýasy bilen ýakyn gatnaşykda bolan oligarhlaryň elinde jemlendi. Şeýle maşgalalaryň sany Braziliýada 600-e, Argentinada 500-e, Wenesuelada 70-e barabardyr.

Ýurtlaryň köpüsiniň agrar pudagy esasan häzirki döwre çenli, uly möçberli ýerler mülkdarçylyk hojalyklaryna degişlidir. Ekerançylyk meýdanlarynyň az bölegi daýhanlara degişli.

Daşary ýurt maýa goýumlary öňdebaryjy tehnologiýany ornaşdyrmagyň esasynda bellibir derejede durmuş-ykdysady ösüşi çaltlandyrdy, ýöne şol bir wagtyň özünde XIX we XX asyrlarda Latyn Amerikasynyň ykdysadyýetinde gözegçiligi artdyrdy. Bu sebit demirgazyk goňşusy bilen örän ýakyn aragatnaşykda, ýagny bu ýurtlaryň ykdysadyýetiniň ösüşi ýokary derejede ABŞ-a baglydyr.

Häzirki döwre çenli sebitiň ýurtlarynyň hemmesi peselip başlan hem bolsa, esasy bellibir ekinleri ekmäge ýöriteleşmek bilen, olary çig mal görnüşinde eksport etmek mahsusdyr. Braziliýa we Kolumbiýa – kofe, Kuba – şeker, Argentina – sygyr eti, bugdaý, Çili – selitra we ary baly, Wenesuela – nebit, Ekwador – banan, kakao, kofe we beýlekiler.

Şu wagta çenli sebitiň ýurtlarynyň ekerançylyk we çig mal harytlary dünýä bazarynda bahanyň üýtgemegine örän baglydyr. Hojalygyň gurluşyny üýtgetmek, şeýle hem diwersifisirlemek örän kyn. Bu ýagdaýy üýtgetmek Argentina, Braziliýa, Meksika, Kosta-Rika we Çili ýaly döwletlere diňe geçen asyryň ahyrlarynda mümkin boldy.

Öňki asyryň 80-nji ýyllarynyň ortalaryna çenli döwlet sektory esasy derejede, ýagny bu döwürler hojalygyň pudaklarynda güýçli ähmiýeti bardy. Munuň aýdyň görkezijileri Argentina, Braziliýa, Wenesuela, Peru we Çilide boldy, ýagny käbir döwlet kompaniýalary aýry-aýry pudaklarynyň önüminiň 90%-ni öndürdiler. Ýerli häkimiýetiň emlägi hem uly gerime eýe boldy. Öňler oba ýerdäkiler kapitalistik sektordan aw etmek, balykçylyk, miwe çöplemek, senetçilik ýaly işler bilen meşgullanýardylar. Bu zeýilli hünärmentçilik köp sanly, onlarça million kiçijik hojalyklary özünde jemleýär. Sebitiň köp ýurtlarynda halkyň ukladlylygy öz ornuny saklady, ol köp sanly daýhanlary özünde jemleýär. Häzirki döwürde bu pudak çökgünligi başdan geçirýän we yzygiderli ykdysady durmuşda gysylýar. Boliwiýanyň, Braziliýanyň, Kolumbiýanyň, Mek-

sikanyň, Peruwyň we beýleki ýurtlaryň käbir böleklerinde köneçil düzgünli adamlar saklanyp galypdyr.

Latyn Amerikasyny häsiýetlendiriji bolup, uly göwrümli ýaşyryn ykdysadyýet çykyş edýär, ol JIÖ-niň 40%-e golaýyny eýeleýär.

Latyn Amerikasy ýurtlarynda yzagalak, pes derejede ösen kapitalizmiň görnüşi emele gelen diýip aýtsak bolar.

Latyn Amerikasy özüniň durmuş-ykdysady görkezijileri boýunça örän çylşyrymly suratlandyrylýar. Bir tarapdan seredeniňde bu ýerde Gaiti ýaly örän yzagalak döwletler hem bar, beýleki bir tarapdan Argentina, Braziliýa, Kosta-Pika, Meksika we Çili ýaly ýurtlar ykdysadyýetiň köp ugurlary boýunça ösendir. Bu döwletler topary täze industrial ýurtlaryň hataryna girýärler.

Sebitiň iň uly ýurdy Braziliýa bolup durýar. Ol diňe bir JIÖ-niň 1/3 bölegini öndürmän, eýsem dünýäde-de iň uly ýurtlaryň biri bolup durýar.

## 35.2. Latyn Amerikasynyň esasy durmuş-ykdysady meseleleri we meýilleri (Braziliýanyň mysalynda)

Braziliýa 1822-nji ýylda öz garaşsyzlygyny gazandy, ýöne bu ýerde 1888-nji ýyla çenli gul eýeçiligi saklandy. Braziliýa özüniň birinji ýüz ýyllygynda ABŞ we Günbatar Ýewropa çig mal iberiji hökmünde ösýärdi, ýagny geljekde dünýä bazarynda kofe, kakao, şeker we pagta bilen üpjün ediji hökmünde çykyş etdi. Gaýtadan işleýän senagaty haýal ösdi. 1930-njy ýyllarda ykdysadyýetde üýtgeşmeler bolup, döwletiň roly güýçlendi. 50-nji ýyllar haýal ösýän senagaty ösdürmekde işjeň syýasat alnyp baryldy we yzygiderli döwlet sektory güýçlendi.

Ykdysady ösüşi boýunça geçen asyryň 60–70-nji ýyllary «Brazil ykdysadyýetiniň gudraty» hökmünde häsiýetlendirildi. JIÖ-niň ortaça ýyllyk ösüşi 5,4 we 7,7% boldy. Harby diktatura ýurtda hökmürowanlygynyň esasynda, beýik hökümete öwürmek üçin ykdysadyýet kämilleşdirildi. Örän güýçli ykdysady bölüm döredildi, şol sanda, maşyn-gurluşyk toplumy ösdürildi. Ýöne özgerişliker, esasan daşarky karzlaryň esasynda amala aşyrylýardy. Netijede, eýýäm 70-nji ýyllarda JIÖ-niň ösüş depgini birden peseldi, 80-nji ýyllar bolsa bu model ösüşe päsgel berdi: örän uly möçberli hümmetsizlenme bolup geçdi (5000%-e ýetdi), daşarky bergiler çalt artdy, JIÖ-niň ösüş derejesi birden peseldi (1,9% ýylda), JIÖ-

-niň adam başyna düşüşi hem peselip başlady. 80-nji ýyllar «ýitirilen onýyllyk» hökmünde taryha girdi, ýagny bu ýyllar ýurt uzak wagtlyk ykdysady çökgünlik ýoluna düşdi.

Ýurtda soňky 1992-nji ýyldan 2003-nji ýyla çenli bolan çökgünlikler we peselişler öz täsirini ýetirdi. Ýöne 1991–2005-nji ýylda muňa seretmezden, JIÖ-2,8% ortaça ýylda ösüşi görkezdi, 2004-nji ýylda bu görkeziji 2,5%-e deň boldy.

**Ykdysady meseleleriň ösüş depgini.** Braziliýanyň 70-nji ýyllarda uly depginde ösmegi, girdejiniň agramly bölegini eýeledi. Ýöne ol geljekdäki döwürde peselýär. 1970–1980-nji ýylda JIÖ-niň derejesi 24,1 %, eýýäm 1981–2000-nji ýylda – 18,3%.

Liberallaşmadan öňki döwürde ykdysadyýete maýa goýujy bolup, esasan, döwlet çykyş edýärdi. Ýöne 1980–90-njy ýyllar onuň ähmiýeti JIÖ-de peseldi, döwlet kärhanalaryndan býujete gelýän girdejiler azaldy, döwletiň maýa goýumy pese düşdi. Özgerişler güýçli çökgünligiň esasynda bolup geçdi, ýagny görkezilen aralykda 1,5–2% derejesinde boldy. Jemi önümiň ösüşiniň peselmegi Braziliýada we umuman Latyn Amerikasy ýurtlarynda ykdysadyýetiň gowşamagyna getirdi.

Şol bir wagtyň özünde Braziliýanyň halkynyň işjeňligi hem peseldi (2,5%-den 60–80-nji ýyllar, 1,4%-e çenli 1990–2003-nji ýyllar). Çaga dogluşy hem peselýär. Dogrusy, bu halkyň işçi güýjüniň ýokarylygy bilen düşündirildi. 1970-nji ýylda halkyň sowatlylygy 80%-den 88,4%-e çenli ýokarlandy. Olaryň 12%-i ýaşy 40-dan ýokary bolan adamlaryň paýyna düşýär.

1980-nji ýyllaryň çökgünligine garamazdan we 1990-njy ýyllaryň ykdysady pesligine garamazdan, Braziliýa we beýleki Latyn Amerikasy ýurtlary, JIÖ-niň 1960–70-nji ýyllaryň ösüş derejesine ýetip bilmediler.

**Pudaklaýyn özgerişleriň meseleleri.** Geçen asyryň 30–40-njy ýyllarynda Latyn Amerikasynda daşary ýurt senagatyny ornaşdyrmak modeli öňe sürülýär. Bu modeli öňe sürmek bu aralykda dünýä söwdasynyň täsiri, şeýle hem Latyn Amerikan şahslarynyň täsiri esasynda amala aşyryldy.

Hadysanyň birinji döwründe (30–40-njy ýyl) gaýtadan işleýän senagat okgunly ösdi, ýetmeýän senagat harytlarynyň önümçiligi ýola goýuldy. Ikinji döwründe (1950–1960-njy ýyllar) polat önümçilik senagaty, maşyngurluşygy, elektrotehnika, nebit-himiýa, himiýa senagaty ösdürildi. Bu bolsa ykdysadyýetiň uly depgin bilen ösmegine täsir etdi. Üçünji döwürde (1970–1990-njy ýyllar) häzirkizaman senagat pudaklary ösdi. Döwrebap senagat önümçiligi diňe bir Braziliýada ýola goýulman, eýsem Argentina, Meksika, Çili, Kolumbiýa, Wenesuela, Urugwaý we Kosta-Rika döwletleriniň hem ykdysadyýetinde özleşdirildi.

Netijede, ykdysadyýetiň pudaklarynda uly özgerişler bolup geçdi.

Mysal hökmünde ýene-de Braziliýany görkezmek bolar.

Bu ýagdaýda gaýtadan işleýän senagatda üzül-kesil çalt depginde öňegidişlik boldy. Braziliýada birbada nebit-himiýa we himiýa senagatynyň önümlerini öndürmek boýunça dünýäde altynjy orny eýeledi. Şeýle hem gämigurluşygy, awtomobil, traktor, stanok gurluşygy, harby, elektron senagaty ösdi.

1960-njy ýyllaryň ahyrlarynda ylmy-tehniki toplumy döretmegiň ilkinji ädimleri ädildi. Ylmy merkezler köptaraplaýyn gözleg işlerine başladylar, kadrlar taýýarlanyldy, beýleki döwletlerden hünärmenler çekildi. Şeýle hem Braziliýada köptaraplaýyn gözleg merkezleri we guramalary ýerleşendir. Şonuň ýaly-da ylmy-gözleg işleri köp sanly uniwersitetlerde hem alnyp barylýar. Kadr taýýarlamak boýunça ýurt dünýäde öňdebaryjy ýerleriň birini eýeleýär, bu bolsa öz gezeginde geljekde hem ylmy-tehniki öňegidişligi ösdürmäge mümkinçilik berýär. Bir wagtyň özünde «akyl ýitgisi» duýulýar. Akyl zähmetini çekýän migrantlar, esasan, ABŞ-a gidýärler.

Daşary ýurt senagatyny ornaşdyrmak modeli Braziliýanyň senagatyny, tehnologiýa we ykdysadyýetiň derejesini ösdürmäge mümkinçilik berdi. Bu modeliň täsiri esasynda döwrebap önümçilik pudaklary döredildi, milli önümleriň käbir görnüşleri ösen we täze industrial ýurtlaryň degişli harytlary bilen bäsleşmäge ukyply boldy.

Şol bir wagtyň özünde Latyn Amerikasynyň importynyň ýerini tutýan senagaty ony ýerlemek babatynda uly kynçylyklara sezewar boldy. Bu esasan içerki bazaryň kiçi bolmagy, köp sanly döwlet kärhanalarynyň girdejisiz işlemegi, importyň ýokarlanmagy, esasan halkyň barjamly gatlagy üçin harydyň öndürilmegi bilen düşündirilýär.

Senagatlaşma oba hojalygyň ösmegine hem täsirini ýetirdi. Oba hojalyk önümlerini öndürmek we eksport etmek boýunça Braziliýa birinji onlugyň hatarynda durýar. Ýurt dünýäde apelsin, şeker öndürmek boýunça birinji ýerde durýar, soýa, sygyr eti, jüýje etini öndürmek boýunça bolsa ikinji ýerde durýar. Geljekde hem bu pudagy ösdürmek üçin, pudaga degişli özgertmeleri geçirmek zerur bolup durýar.

Ykdysadyýetiň liberallaşma meseleleri eýýäm 1970–1980-nji ýyllarda liberal we açyk ykdysadyýet esasynda köne import modeliniň ýerine eksport modelini ornaşdyrjak bolup synanyşyk etdiler. Braziliýada bu öwrülişikler 1980-nji ýyllarda başlandy. Köp gezekli synanyşyklaryň başa barmazlygy soň 1994-nji ýylda aýaga galyp başlady. Bu öwrülişik esasan daşary söwdada, maliýede we daşary maýa goýum babatynda duýuldy. Özgertmeleriň barşynda ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan dolandyrylyşy çalt peseldi. Şol bir wagtyň özünde döwlet kärhanalaryny hususylaşdyrmak işleri alnyp baryldy. Önümçilik bolsa 7%-e çenli peseldi (bu görkeziji 1970-nji ýyllaryň

ahyrlaryna 22%-e, sebit boýunça bolsa 23%-e barabar bolupdy).

Braziliýada we sebitiň beýleki ýurtlarynda ösüşiň täze modeliniň durmuşa geçirilişi ýuwaş-ýuwaşdan we ýumşak geçirildi. Braziliýada 1987–1999-njy ýyllarda eksporta we importa goýlan tarifler üç gezek kemeldildi. Şeýle hem Argentinada, Kolumbiýada we Peruda bellärlikli tarif kemeldişleri bolup geçdi. Bu bolsa Argentinanyň we Braziliýanyň ykdysadyýetiniň açyklaşmagyna we haryt dolanyşygynyň ösüşine täsirini ýetirdi.

Daşary ýurt maýa goýmuna degişli kanunyň üýtgedilmegi daşary ýurt maýadarlaryna ýerli maýadarlar bilen deň hukukly bolmaga mümkinçilik berdi. Bu bolsa ykdysadyýetiň hemme pudagyna diýen ýaly daşary ýurt maýasyny çekmäge mümkinçilik berdi. Esasan hem Argentinanyň, Braziliýanyň, Meksikanyň, Kolumbiýanyň we Çiliniň ykdysadyýetine öň bolmadyk göni daşary ýurt maýa goýumlary çekildi.

Berk býujet syýasatynyň alnyp barylmagynyň esasynda, býujet ýetmezçiliklerini kemeltmäge we döwlet gurluşyna edilýän çykdajylary azaltmaga mümkinçilik berdi. Öňegidişligi ösdürmek üçin döwlet tarapyndan seçgi usuly ulanylyp, esasan hususy bölege üns berildi, döwlet kärhanalary bolsa pul kömeklerinden we ýeňilliklerden mahrum edildi.

Braziliýada 1991–2000-nji ýyllar içinde uly hususyýetleşdirmek meýilnamasynyň esasynda, döwlet emlägini satmagyň netijesinde 58 milliard dollar gazanyldy.

Salgyt özgertmesiniň esasynda (salgyt ýygymynyň ýeňilleşdirilmegi, döwlet býujetiniň girdejileriniň köpeldilmegi, girdeji salgydynyň düzgünleşdirilmegi) býujetiň girdeji böleginiň köpelmegine getirdi.

Bank pudagynyň liberallaşdyrylmagy bank göterimleriniň kemelmegine getirdi, şol bir wagtyň özünde döwletiň walýuta syýasaty babatynda merkezi bankyň roly hem ýokarlandy.

Geçirilen özgertmeler JIÖ-de birbada ösüşini görkezmeýär, ýöne ykdysadyýetde, umuman, ösüş duýulýar. Ýöne bu özgertmeler öňden garaşylýan netijäni bermeýär.

1990-njy ýyllaryň ahyrlaryna täze ösüş modeline seredilip başlanyldy. Bu özgertme adamlaryň köp gatlagynyň ýaşaýyş derejesini gowulandyrdy.

## 35.3. Ösüşiň daşarky faktorlary

Harby we harby täsirlerden soňky ýyllarda bu döwletleriň ykdysadyýeti ýapyk görnüşe eýe boldy. Geçen asyryň başlarynda bu sebit dünýäniň

haryt dolanyşygynyň 4,9%-ini eýeleýärdi, bu görkeziji geçen asyryň ortalaryna çenli ýokarlanmady. Ýöne Latyn Amerikasy ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň açyklygy çalt ýokarlandy. Haryt dolanyşygynyň yzygiderli ösmegi geografiki ýerleşişine bagly bolup, eksportyň we importyň düzümini üýtgetmäge mümkinçilik berdi. Daşary haryt dolanyşygynyň 20–30%-i ABŞ-a, ÝS-na olara seredeniňde azrak bölegi bolsa HHR-e, Ýaponiýa, Günorta Koreýa ýaly ýurtlaryň paýyna düşýär. Eksportyň we importyň düzümi düýpgöter üýtgedi, bu bolsa Latyn Amerikasy ýurtlarynyň adaty ykdysadyýetiniň üýtgemegine getirdi. Importda we eksportda ýokary tehnologiýaly harytlaryň paýy köpeldi.

Sebitiň ýurtlarynyň daşary aragatnaşyklar pudaklarynyň öňe gitmeleri, Braziliýanyň daşary söwdasynda hem duýuldy. 2005-nji ýylda 80-nji ýyllaryň görkezijisinden geçip, dünýä eksportynyň 1,2%-ine ýetdi. Harydyň we hyzmatyň girdejisi 115 millard dollara deň boldy.

Ykdysadyýetde esasan hem senagat pudaklaryndaky özgerişler bellibir derejede Braziliýanyň eksportynyň düzümini üýtgetdi. XXI asyryň başlarynda taýýar önüm eksportyň 53–55%-ini eýeledi, şol sanda, enjamlaryň, maşynlaryň, awtoulaglaryň eksporty 27–28%-e ýetdi.

Gaýtadan işleýän senagatda ýokary tehnologiýaly harytlaryň paýy 19%-den gowrak boldy. Güýçli ylmy-tehniki bazasy bolan ýurt bu babatda ösüp gelýän ýurtlara maslahat beriji bolup hem hyzmat edýär. Şol bir wagtyň özünde Braziliýa köp polat önümlerini iberiji bolup hem hyzmat edýär. Eksportyň esasy bölegi sarp ediş harytlary (köwüş, eşik) bolup durýar. Şeýle hem Braziliýa sebitde iň uly azyk önümlerini eksport edijidir (eksportyň 1/3 bölegi). Ol apelsin soguny, kofeniň eksporty boýunça dünýäde birinjiligi eýeleýär, soýa çykarmak boýunça – 26% (ABŞ-dan soň) öňdeligi eýeleýär (Argentina 16%).

Brazil harytlarynyň esasy sarp edijileri bolup, ABŞ – 20%, ÝS – 25, Ýaponiýa – 5,2%, HHR – 6% we LAAI we MERKOSUR – 30% çykyş edýär.

Sebitde daşary ýurt maýa goýmuna goýulan çäklendirmeleriň aýrylmagy ykdysadyýetde köp kynçylyklary aradan aýyrdy. Göni daşary ýurt maýa goýumuň möçberi esasan hem 1990-njy ýyllarda çalt ýokarlandy. Egerde 1991-nji ýylda daşary maýa goýumy 11 milliard dollar bolan bolsa, onda 1999-njy ýylda – 79 milliard dollara, ýagny iň beýik derejesine ýetdi, onuň umumy möçberi 90-njy ýyllarda 385 milliard dollardan hem geçdi. Göni daşary ýurt maýa goýumuň esasy bölegi Argentinanyň, Braziliýanyň, Meksikanyň, Kolumbiýanyň we Çiliniň ykdysadyýetine ugrukdyryldy. Uly möçberli maýa goýum Karib

adalarynyň offşor zonalaryna gönükdirildi.

Sebitde 1991-nji ýyldan başlap portfelleýin maýa goýumy höweslendirilip başlandy, munuň kömegi bilen hususyýetleşdirilen kärhanalaryň aksiýalary satyn alynýar. 1996–1997-nji ýyllar olaryň pul möçberi 100 milliard dollara ýetdi, geljekki üç ýylda bolsa, onuň möçberi 120 milliard dollardan hem geçer, ýöne täze asyryň başlarynda bolsa, onuň möçberi ýylda 25–27 milliard dollara çenli peseldi.

Braziliýa sebitde iň uly maýa goýum çekiji bolup çykyş edýär. Esasan hem pul maýa goýumy yzygider alnyp barylýan amallaryň ýetmezçiliginiň öwezini dolmak üçin çekilýär. Maýa goýumuň esasy bölegi «gyzgyn pul» görnüşinde gelýärdi, bu bolsa çökgünlige we daşary bergileriň köpelmegine getirdi. Ýurt dünýäde iň bir bergidar döwletleriň birine öwrüldi. Diňe 2005-nji ýyldan onuň bergileri azalyp başlady. Ýöne Braziliýa üstümizdäki ýüzýyllygyň başlarynda hem HPG-niň şertlerine kaýyl bolmaly boldy.

Ýurduň ykdysadyýetine esasy daşary ýurt göni maýa goýumy täsir edýär, onuň 2004-nji ýyla çenli toplanan möçberi 150 milliard dollara ýetdi.

Bu ýyllar içinde daşary ýurt maýa goýumy nebit, gazylyp alynýan senagata, energetika, transport ulgamyna, telekommunikasiýa we bank ulgamyna aralaşdy. Ýurtda ýüzlerçe TMK we olaryň golçur kärhanalary hereket edýär. Esasy maýa goýujular bolup ABŞ, Ispaniýa, Germaniýa, Ýaponiýa we Şweýsariýa çykyş edýärler.

Soňky otuz ýylda Braziliýa maýa goýumy eksport ediji ýurt hökmünde çykyş edýär. Onuň maýa goýumy goňşy we beýleki ösüp gelýän ýurtlara ugrukdyrylýar. Onuň daşary ýurt maýa goýumy 64 milliard dollara ýetdi.

Braziliýanyň ykdysadyýetiniň we sebitiň ykdysadyýetiniň ösüşiniň seljerilmesi, ýurduň ykdysady ösüşi üçin daşary ýurt maýa goýumynyň wajypdygyny görkezýär. Şol bir wagtyň özünde olaryň çekilmegi we ulanylmagy hemişe garaşylýanyny bermeýär – daşary ýurt bergileriň köpelmegi, bergiler üçin köp puluň tölenilmegi ykdysadyýetiň ösüş derejesini peseldýär. Bellibir wagtlarda bolsa halkyň işçi gatlagynyň hal-ýagdaýynyň peselmegine gitirýär.

# XXXVI BAP
# AFRIKA ÝURTLARYNYŇ YKDYSADYÝETI

## 36.1. Afrika ýurtlarynyň ykdysadyýetine umumy syn

Afrika Ýewraziýadan soň, özüniň tutýan meýdany boýunça ikinji orunda durmak bilen, gury ýeriň 1/5 bölegini tutýar. Yklymyň ini onuň demirgazygynda 7.5 müň kilometre, günortasynda 3100 kilometre çenli gidýär. Yklymyň geografiki taýdan ýerleşişi amatly hasap edilýär. Sebäbi onuň daş-töweregini suw gurşap alýar. Ýöne bu amatlyklardan yklymyň hemme ýurdy peýdalanyp bilmeýär. Aýratyn hem merkezi Afrika ýurtlary. Sebäbi Merkezi Afrika ýurtlarynyň açyk deňze göni çykalgasy ýokdur. Bu ýagdaý bolsa yzagalak ýurtlaryň ýagdaýyny has hem kynlaşdyrýar.

Häzirki wagtda bu yklymda 50--den gowrak döwlet bar hasap edilýär. Ýöne olaryň hemmesi diýen ýaly yzagalak ýurtlardyr. Munuň sebäbi hem kolonial basyp alyşlaryň edýän täsirinden gelip çykýan netijesidir. Häzirki günlerde yklymyň jemi ilatynyň 100-den 70 göterime golaýy garyplyk derejesiniň bellenen çäginden hem has pesde ýaşaýar. Sowatsyzlyk bolsa tutuş yklymyň yzagalaklygynyň keşbini açyk görkezýän alamatlaryň biridir.

Afrika yklymynda häzirki wagtda 800 mln-a golaý adam ýaşaýar diýlip hasap edilýär. Ilatyň etniki düzüminiň köpdürliligi boýunça Afrika diňe Aziýadan yza galýar. Yklymda jemi 200-den gowrak halklar we halkyýetler ýaşaýar. Bu halklaryň içinde iň köpüsi araplar, ýorubatlar, hausa, fulbe we ahmarlardyr. Araplar we ahmarlar esasan Demirgazyk Afrikada ýaşaýarlar. Olar, esasan, musulman döwletidir. Afrikada diller onuň ýaşaýan milletiniň görnüş sanlaryndan hem köpdür. Gelip çykyşy birmeňzeş bolsa-da, dürli-dürli dillerde ýaşaýan halklar hem, hatda özbaşyna gürleşýän taýpalar hem örän köp. Bu ýagdaý bolsa ilatyň özara düşünişmek meselesini has kynlaşdyrýar. Hut şonuň üçin hem Afrikanyň köp ýurtlary köp milletli döwlet hasap edilýär.

Afrika yklymynyň ilatynyň aýratynlyklaryny belläp geçmek möhümdir. Ol hem bu yklymyň ilatynyň örän çalt köpelýänligidir. Ilatyň köpeliş derejesi boýunça alanyňda bu yklym dünýäde birinji orunda durýar. Bu ugurdaky rekord görkeziji Keniýa döwletine degişlidir. Bu ýurtda her 1000 adama 46 çaga düşýär. Afrika yklymy diňe bir 1990–2000-nji ýyllar aralygynda tas 4 esse diýen ýaly köpeldi. Ilatyň şeýle ýokary derejede ösmegi öň hem ykdysady taýdan gowşak ýurtlara has hem agyr täsir edýär.

Çaga ölümi örän ýokary derejededir. Bu görkeziji bu yklymda örän ýokarydyr. Dogulýan 1000 çagadan 100-den gowragy 1-ýaşyna ýetmän ýogalýar. Ilatyň ortaça ýaş düzümi hem örän pes. Ortaça ýaş bu yklymda 40–45 ýaş hasap edilýär. Bütindünýä boýunça açlykdan ölýän adamlaryň sany boýunça Afrika ýene-de birinji orunda durýar.

Tutuş ilatyň 30 göterime golaýy şäher ilaty. Ýöne soňky wagtlarda şäherleşme prosesi örän ýokary depginler bilen ösýär. Aýratyn hem bu ýagdaý Demirgazyk Afrika ýurtlaryna degişli. Ilatyň galan bölegi oba ýerlerinde ýaşaýar. Afrikanyň oba hojalygy häzirki zamanyň iň yzagalak pudagydyr. Şäher ilatynyň artmagyna esasy täsir edýän ýagdaýlary, biri hem soňky wagtlarda bu yklymda daşary ýurtlara işçi güýjüniň barha köp çykyp başlamagy bilen düşündirilýär. Işçi güýjüniň çykýan ýurtlary esasan ösen ýurtlary bolup, olar şol ýurduň öň basyp alan ýurtlary hasap edilýär. Mysal üçin, Demirgazyk Afrikadan gidýän ilat, esasan, Fransiýa barýarlar. Sebäbi Fransiýa bu yklymyň 60 göterimini diýen ýaly basyp alypdy. Ýöne iş gözläp gidýänleriň köpüsi ol ýurtlarda hem «bal gününe» batyp barmaýarlar. Sebäbi sowatsyzlyk zerarly işçi güýjüň aň-bilim derejesi pesdir. Bu bolsa olara ýokary hak tölenýän işlerde iş bermäge mümkinçilik bermeýär. Olar esasan ýerli ilatyň işläsi gelmeýän, hapa hasaplanýan işlerde işleýärler. Ýöne şeýle-de bolsa bu yklymdan işçi güýjüniň migrasiýasy barha artýar.

Geçen asyryň altmyşynjy ýyllarynda bu yklymda içerki migrasiýa has güýçlüdi. Sebäbi şol ýyllarda bu yklymda raýatlyk urşy möwç urýardy. Şonuň üçin hem şol ýyllarda gaçgaklaryň-bosgunlaryň örän köp bölegi ol döwletden, beýleki döwlete geçýärdi. Sowuk urşuň tamamlanmagy bilen, yklymda raýatlyk urşy hem kiparlady. Ýöne ilatyň açlyk we gurakçylyk zerarly ondan-oňa göçmegi entekler hem dowam edýär.

Afrika yklymy tebigy baýlyklara örän baý hasap edilýär. Bu yklymda her dürli gazylyp alynýan tebigy resurslaryň örän köp, dünýä belli gorlary bar. Emma olaryň bolmagy hem döwletleri ýeterlik derejede kuwwatlandyryp bilmeýär. Sebäbi kolonial döwletler bu ýurtlaryň ykdysadyýetine örän güýçli täsir edýärler. Şonuň üçin hem olary diňe çig mal öndürýän bazaryna öwrüpdirler. Umuman, dünýä bazaryna diňe çig mal çykarmak Afrikanyň häzirkizaman ykdysady keşbidir. Gaýtadan işleýän senagat bu yklymda örän pes. Ýogsam yklymda altyn, kümüş, uran, nebit, gaz, kömür, demir, kobalt, mis, polimetallar we ş.m. ýaly, dünýä bazarynda örän geçgin tebigy baýlyklary bar. Emma gaýtadan işleýän senagatyň bolmazlygy zerarly bu çig mallar ösen ýurtlara mugtuna diýen ýaly äkidilýär.

Diňe soňky ýyllarda käbir ýurtlarda gaýtadan işleýji senagat merkezleri gurlup başlandy. Mysal üçin, nebiti we gazy gaýtadan işleýän kärhanalar Liwiýada, Alžirde, Tunisde, Müsürde

gurulýar. Lideriýa, Mawritaniýa Gwineýa ýaly ýurtlar demir magdanlary gaýtadan işleseler, Gwineýa, Kamerun beýleki gazylyp alynýan magdanlary özleşdirip başladylar. Umuman, yklymda häzirkizaman senagat nokatlary barha köpelýär. Emma ilatyň sosial ýagdaýy we ilatyň tebigy ösüşi bilen deňeşdireniňde, bu ösüş örän ujypsyzdyr.

## 36.2. Yklymyň tebigy-resurs ýagdaýy

Afrika yklymy diňe bir ýerasty baýlyklara däl-de, ýerüsti resurslaryna hem örän baýdyr. Mysal üçin, yklymyň gury ýeriniň 1/10 bölegini tokaýlar tutýar. Bu tokaýlaryň arasynda seýrek duşýan gymmat bahaly agaçlar, beýleki materiklere garanyňda örän köpdür. Emma kolonial döwürde tokaýlyklar örän aýawsyz we rejesiz peýdalanylandygy üçin yklymda indi olaryň tutýan meýdany örän azaldy.

Afrikada gür tokaýly ýurtlar diýlip häzirki wagtda Gobon, Zair we Kongo hasap edilýär. Bu döwletleriň ykdysadyýetinde tokaý hojalygy örän möhüm rol oýnaýar.

Afrikanyň örän özboluşly tropiki we subtropiki mes toprakly ýerleri bar. Umuman, mes toprakly ýerler yklymyň köp ýurtlaryna giňden ýaýrandyr. Emma bu toprak agrar tehniki kadalar bozulanda örän tiz ýaramazlaşýar. Şol sebäpli hem yklymyň toprak zaýalanmasy örän ýokary. Bu ýagdaý aýratyn hem Merkezi Afrika ýurtlaryna degişli.

Gurakçylyk we tokaýlaryň yzygiderli çapylmagy, ýok edilmegi, yklymyň haýwanat dünýäsine hem örän uly zeper ýetirýär. Dünýä boýunça hasap edeniňde ýitip, ýok bolmak howpy abanýan haýwanlaryň aglaba bölegi bu yklymyň paýyna düşýär.

Umuman alanyňda, Afrika suw resurslaryna baý hasap edilýär. Yklymda dünýä belli derýalaryň birnäçesi mysal üçin, Nil, Kongo, Niger, Zambezi ýaly derýalar köplenç çygly, subtropik ýerlerden akyp geçýärler. Şonuň üçin hem bu derýalaryň suwy yklymyň köp ýurtlary üçin peýdasyz diýen ýalydyr.

Afrika tutuş ýer şarynyň iň gyzgyn materigidir. Sebäbi ekwator Afrikany ikä bölüp kesip geçýär. Ekwatoryň kesip geçýän zolagynda dünýäde iň uly Sahara çöli ýerleşýär. Bu çöl birnäçe döwletleriň territoriýasyna ýaýylyp gidýär. Yklymyň iň gurak ýerleri hem bu çölüň paýyna düşýär.

Bu çölüň ýylyň dowamynda ýagyş ýagmaýan ýerleri-de bolýar. Bu bolsa ösümlik we haýwanat dünýäsine ýaramaz täsirini ýetirýär.

Yklymda suw meselesini çözmek üçin ýerasty suwlar örän giňden

ulanylýar. Geçmişden miras galan we şu günki tehnika daýanylyp ýerasty suwlar bilen hem ekerançylyk ýöredilýär. Emma gurak ýyllarda hem ýerasty suwlaryň hem gory azaldy. Umuman alanymyzda, materik suw resurslaryna baý hasap edilse-de, onuň geografiki taýdan deň ýerleşmezligi zerarly köp ýurtlarda suw meselesi ör-boýuna galyp duran meseleleriň biridir.

Afrika ýurtlarynyň ykdysadyýeti üçin esasy mahsus zatlaryň biri hem bu yklymda oba hojalygy we dag magdany çykaryjy senagatyň agdyklyk etmegidir. Afrikanyň ykdysadyýetine syn berlende, umuman deňeşdirilende çig mal çykarýan we yzagalak toparlara bölýärler. Yklymyň ösen etraplary ýurduň paýtagtlary hasap edilýär. Ikinji orunda ösen ýerleri bolup, çig mal çykarýan etraplar degişli hasap edilýär. Ýöne bu etraplar yklymyň keşbini açyp görkezmeýär.

Afrikan ykdysadyýetiniň esasy düzümi oba hojalygydyr. Oba hojalygynda ekerançylygyň paýy maldarçylyga garanyňda ýokarydyr. Esasy ekilýän ekinler däneli ekinlerdir. Soňky ýyllarda ýurtlaryň arasynda ýöriteleşme hem bolup geçýär. Mysal üçin, Müsür bugdaý, şaly ekse, Gabon mekgejöweni köp ekip başlady.

Mallaryň baş sany boýunça Afrika hiç bir materikden yzda däl. Emma ösüşiň ekstensiw ýol bilen gitmegi, şeýle hem eýeçiligiň dürli görnüşleriniň agdyklyk etmegi, et we süýt önümleri bilen özüni ekläp bilmeýär.

Ýurduň oba hojalygynyň tehniki bazasy örän gowşakdyr. Onuň hem birinji sebäbi suwaryş ulgamlarynyň örän gowşak ösenligi bilen düşündirilýär. Onuň ekerançylyk ýerleriniň 40 göterime golaýynda wagtal-wagtal güýçli gurakçylyk bolýar. Diňe soňky ýyllarda käbir ýurtlarda häzirki zamana mahsus suwaryş ulgamlary peýda boldy. Ol ulgamlar ekerançylygyň ösmegine uly itergi berip başlady. Maldarçylykda hem özgertmeler geçirilip başlandy. Hususy eýeçilikde duryan mallaryň sany artyp başlady. Hususy fermerleriň sany hem barha artýar.

Yklymyň ykdysadyýetiniň ýene-de bir möhüm aýratynlygy bar. Ol hem milli senagatyň düýbüniň ýaňy tutulyp başlanmagydyr. Sebäbi daşary ýurt maýasyny ýerli çig mallary özlerine satyn almak üçin diňe bu pudaga maýa goýýardylar. Döwletler hem eksporty höweslendirmek üçin çig mallaryň satylyşyny, şeýlelikde, ondan gelýän walýutanyň möçberini artdyrmak isleýärler. Bu bolsa gaýtadan işleýji, ýagny milli senagatyň ösüşine ters täsir edipdi.

Yklymyň köp ýurtlarynda senagatyň düzüminde ýeňil we azyk senagatynyň paýy agdyklyk edýär. Şeýle hem maşyn-gurluşyk, metallurgiýa, himiýa senagatynyň paýyny artdyrmak hem bellenilýär. Munuň üçin bolsa näçe diýseň mümkinçilikler bardyr. Bu ugry ösdürmek üçin esasy daýanylýan çeşmeler bolup tebigy baýlyklar we daşary ýurt maýasy çykyş edýär.

Tutuşlygyna alanyňda, agyr senagat bu yklymda ýok diýip bolmaz. Käbir az sanly ýurtlarda mysal üçin, Müsür, Zair, Zimbabwe ýaly döwletlerde agyr senagat kärhanalary hem hereket edýär.

Yklymyň ulag ulgamy gowşak ösendir. Gaz ýa-da nebit geçirijiler, esasan, ýerli baýlyklary äkitmek üçin koloniýaçylar tarapyndan gurlandyr. Esasy ösdürilýän ulaglar awtomobildir. Suw ýollary hem kenarýaka döwletleri üçin amatlydyr. Mysal üçin, Liberiýa döwletiniň esasy girdejisi gämiler arkaly ýük daşamakdan gelýär.

## 36.3. Yklymyň ösen ýurtlarynyň ykdysadyýeti

Afrika yklymy dünýäniň iň yzagalak bölegi bolsa-da, onda beýleki döwletlerden tapawutlanýan ýurtlar hem bar. Yklymyň iň ösen ýurdy Günorta Afrika Respublikasydyr. (GAR) Dürli ýagdaýlarda bu iki döwlet aýratyn ösüşlere eýe boldy. Olaryň hem özüne ýetik sebäbi bar. Ilki bilen ýurtlaryň ikisiniň hem açyk deňze göni çykalgalarynyň bolmagydyr. Şeýle hem dürli tebigy resurslara baý bolmagy bu döwletlere uly amatlylyk döredipdir. Geliň, biz bu ýurtlaryň ykdysadyýetine aýratynlykda seredip geçeliň.

Afrika yklymynyň ýene-de bir ýokary derejede ösen döwleti Günorta Afrika Respublikasydyr (GAR). Bu respublika yklymyň senagat taýdan iň ösen ýurdudyr. Respublikanyň ilaty 25 mln. adam bolup, paýtagty Pretoriý şäheridir. GAR prezident dolandyryşly respublikadyr.

Günorta Afrika beýleki Afrika ýurtlaryna garanyňda tebigy baýlyklarynyň dürlüligi bilen tapawutlanýar. Bu respublikada gazylyp alynýan çig mallary gaýtadan işlemek giňden ýaýrandyr. Bu ýurda ähli Afrika yklymyndaky ýurtlaryň jemi önümleriniň 25 göterimi, senagat önümçiliginiň 40 göterimi düşýär. Bu döwletiň harajatlyk keşbini ozaly bilen dag-magdan senagaty kesgitleýär. GAR altynyň gory we ony çykarmak boýunça birinji, almazyň gory boýunça ikinji, uran boýunça üçünji orny eýeleýär. Eksportynyň düzüminde hem şu sanalyp geçilenler has agdyklyk edýär. Metallurgiýa ýerli çig mala daýanýar. Maşyn-gurluşygy ýokary derejede ösendir. Ýurduň oba hojalygynda esasan ekerançylyk agdyklyk edýär. Esasy ekinleri bugdaý we mekgejöwendir. GAR tutuş Afrikada azyk önümlerini eksport edýän ýeke-täk döwletdir.

Günorta Afrika Respublikasy diňe bir ykdysady taýdan däl-de, harby taý-

dan hem ösen ýurtdur. Bu ýurt 1960-njy ýyllardan başlap aperteid (jynsparaz) syýasaty ýöretdi. Goňşuçylykda ýerleşýän ýurtlary basyp alyp başlady. Ýöne halkara gysyşlardan soň bu syýasatyny bes etmeli boldy. Emma basylyp alnan ýerlerden özüne arzan çig maly we işçi güýjüni import edýär. Bu döwlet yklymyň işçi güýjüni import edýän ýeke-täk döwletdir.

## 36.4. Afrikan yzagalaklygyny ýeňip geçmegiň meseleleri

Afrika yklymynyň ykdysadyýetini ýokary götermek üçin ilkinji gezek 1965-nji ýylda döredildi. Bu foruma gatnaşýan ýurtlar, yklymy nädip halas etmelidigi barada giňişleýin maslahat geçirdiler. Bu forum soň-soňlar hem geçirildi. Emma yklymyň ýagdaýy welin düzelmedi.

Käbir ykdysadyýetçiler bu ýurtlary halas etmek üçin esasy roly ösen döwletler oýnamaly bolarlar diýip çak edýärdiler. Ilkinji nobatda bu döwletleriň daşarky bergileri geçirildi diýip, bu ykdysadyýetçiler nygtaýarlar. Sebäbi birnäçe ýyllaryň dowamynda karzyna alnan bergiler, olaryň wagtynda üzülmezligi, göterimleriň ýokarlanmagy netijesinde bu ýurtlaryň daşary bergileri jemi 1 trln. dollardan geçýär. Bu bergileri geçmek, şeýle hem berginiň ujundan azda-kände süýşürilip durulmagy öňem ysgynsyz ykdysadyýete agyr zarba urýar. Afrika ýurtlarynyň iň köp bergidar ýurdy ABŞ-dyr. ABŞ-a hatda GAR-yň hem bergisi ýeterlik derejededir. GAR jynsparazlyk syýasatyny ýöredýän ýyllary ABŞ bu ýurdy jany-teni bilen goldady. Aýratyn hem onuň döwlet eýeçiligine geçmek isleýän ýurtlara has agressiw garşylyk görkezmegi ABŞ-a hoş ýakýardy. Şonuň üçin ABŞ bu ýurda örän köp möçberde harby tehnikalar satdy. Goşuny dişinden-dyrnagyna çenli ýaraglandyrdy. Hatda golaý aralyga atýan we hüjüme garşy ulanylýan howply raketalara çenli berdi. Emma «sowuk urşuň» tamamlanmagy bilen sosialistik ulgam hem ýykyldy. ABŞ bolsa bütin dünýäde demokratiýany goramak baradaky syýasatyny jar etdi. Indiden soň oňa jynsparazlyk düzgüni ýöredilýän ýurt amatly boljak däldi. Şonuň üçin hem ABŞ GAR-y jynsparazlykda aýyplady. Şeýle hem öňki berlen harby, maliýe we beýleki kömekleri yzyna gaýtarmalydygyny ýatladyp başlapdy. Bu kömekler bolsa 18 mlrd. dollardan hem geçip gidýärdi. Munça bergini birbada beräýmek islendik ýurda aňsat düşmejekdigi görnüp dur. Şonuň üçin hem hökümet

amerikan hökümetiniň talabyna görä ýerli çig mallara goýulýan daşary ýurt maýasyna goýulýan päsgelçilikleri amerikan maýasy üçin aradan aýyrdy. Amerikan maýasyna salynýan salgytlary peseltdi. Berginiň ujundan çig mallar, aýratyn hem altyn, almaz we uran bilen hasaplaşyp başlady.

Hut şular ýaly ýagdaýlar yklymyň beýleki ýurtlary üçin hem häsiýetlidir.

Hut şular ýaly usullar beýleki ýurtlarda hem dowam edýärdi. Mysal üçin, Fransiýa Tunis öz garaşsyzlygyny berkidenden soň bu ýurda embargo girizdi. Beýleki gatnaşyk saklajak bolýan döwletlere hem dürli hili päsgelçilikler döretdi. Emma birdenem bu ýurt bilen gatnaşyklaryny dikeltdi. Öz maýasy üçin erkinlik bermegini talap etdi. Halkara gysawdan sypmak üçin Tunis bu talaplary kabul etdi.

Ýokardaky getirilen mysallardan görnüşi ýaly, ösen döwletler özleri üçin bu aňsatja awdan dynaslary gelmeýärdi. Şonuň üçin hem bergileri geçmek baradaky mesele entekler başa bararly däldi.

Käbir ykdysadyýetçiler diňe ýerli senagaty ösdürmegiň zerurdygyny aýdýarlar. Munuň özi elbetde, dogrudyr, ýöne nädip ösdürmeli? Mesele şu ýerde. Ýerli hökümetiň senagaty ösdürmek üçin ýeterlik serişdeleri ýok. Şonuň üçin olar ýene-de kömege mätäç. Halkara walýuta fondundan kömek almagy amatly diýip hasap edýänlerem ýok däl. Ýöne HWR hem Afrika döwletlerine uly möçberlerde karzyň berilmegini juda töwekgelçilik hasap edýär. Sebäbi bu ýurtlar entek öňki bergilerini hem berenoklar. Şeýle hem HWR bu ýurtlara şeýle uly möçberde karzyň berilmegi beýleki ýurtlara berilýän karzyň azalmagyna getirjekdigini aýdýarlar. Bu bolsa öz gezeginde dünýä ykdysadyýetiniň ösüşine ters täsir eder diýip hasaplaýarlar.

Afrikanyň ykdysadyýetini ýokary götermek üçin esasy meseleleriň biri hem ilatyň sowatsyzlygyny aradan aýyrmakdyr. Ilatyň sowatsyzlygy bu ýerde akyl zähmetini köp talap edýän önümçilikleri açmaga mümkinçilik berýär. Şeýle hem täze tehnika durmuşa ornaşdyrylsa, birnäçe adamlaryň işsiz galmagy ahmal. Mysal üçin, bir traktoryň satyn alynmagy 120 adamyň işsiz galmagyna getirýär.

Bu bolsa öň hem zordan gününi aýlaýan adamlara has hem agyr düşjekdigi görünýär. Ykdysadyýetde amala aşyrylýan özgertmeleriň köpüsini birbada amala aşyrmaly diýip hasap edýänlerem bar. Sebäbi täzeki önümçilikde işläp biljek kadrlary ýetişdireniň bilen hem öndürilen önümleri satyn almaga halkyň gurbaty çatjak däldi. Şonuň üçin hem halkyň sarp edijilik ukybyny ýokary götermek hem zerur.

Çözmegi kyn bolan meseleleriň biri hem açlyk, çaga ölümi we keselçilikdir. Açlyk we dürli kesellerden ýaňa bu yklymda her ýylda 10 milliona golaý adam ýogalýar. Aýratyn hem çaga ölümi biçak ýokary. Amerikan bilermenleri şeýle hasaplama çykarypdyr-

lar.Ýewropada bir sygra günde 3 dollarlyk çykdajy edilýär. Emma Afrikada ýaşaýan halklara günde 1 dollardan hem düşenok, geň galaýmaly hasaplama. Ýöne welin hakykatdan-da keselçilikden ýogalýanlary azaltmak üçin käbir dindarlar yslamy ýaýratmagyň zerurdygyny aýdýarlar. Olaryň nygtamagyna görä, yslam dinine uýýanlaryň arasynda keselçilik az bolýar. Geçirilen barlaglar munuň dogrudygyny tassyk etdi.

Umuman alanyňda, Afrika yklymynyň yzagalaklygynyň esasy alamatlaryny görkezýän deliller örän kän. Ýöne bu müşgillikleri nädip çözmelidigini görkezip bilýän ýeke-täk we dogry çözgüt welin entek tapylaýanok.

# VI BÖLÜM
# GEÇIŞ HÄSIÝETLI ÝURTLARYŇ YKDYSADYÝETI

## XXXVII BAP
## YKDYSADY GEÇIŞ HÄSIÝETLI ÝURTLAR

### 37. 1. Geçiş häsiýetli ýurtlaryň ykdysadyýetiniň mazmuny

Dünýä hojalygynyň köp sanly meseleleriniň biri hem meýilnamalaşdyrylýan, merkezleşdirilen ykdysadyýetden bazar gatnaşyklaryna geçmek bilen baglanyşyklydyr. Bir ulgamdan beýleki bir ulgama geçmek prosesine ykdysady edebiýatda dürli-dürli at berilýär. Olara geçiş häsiýetli, transformasiýa, tranzit, ulgam çalşygy ýaly düşünjeler degişlidir. Olaryň içinde has giň ýaýrany geçiş häsiýetli ykdysadyýet diýen düşünjedir.

Geçiş häsiýetli döwletlere ozalky SSSR-iň dargamagy netijesinde emele gelen GDA, Baltika, Monopoliýa, Gündogar Ýewropa ýurtlary Laos, Kuba, Wýetnam, Hytaý degişlidir.

Geçiş häsiýetli ykdysadyýet hojalygy ýöretmegiň garyşyk görnüşini özünde jemleýär. Şeýle häsiýetli ykdysadyýetde bazar gatnaşyklarynyň düzüm bölekleri meýilnamalaşdyrylýan ykdysadyýetiň düzüm böleklerini ýuwaş-ýuwaşdan çalyşýarlar. Taryhyndan belli bolşy ýaly, meýilnamalaşdyrylýan ykdysadyýetiň gatnaşyklarynyň düzüm böleklerini çalşan wagty hem bolupdyr. Häzirki wagtda şeýle ýagdaý düýpgöter aradan aýrylanok. Mysal üçin, dürli ykdysady-maliýe çökgünliklerinde ozalky hususy eýeçilikde döwlet eýeçiligi ýokarlanýar. Ýöne geçiş häsiýetli ykdysadyýet diýlende, bazar gatnaşyklaryna geçýän ykdysadyýete düşünilýär.

29. Sargyt № 1094.

Jemgyýetiň we ykdysadyýetiň geçiş döwri çylşyrymly, bütewi we toplumlaýyn prosesdir. Onuň ähli düzüm bölekleri biri-biri bilen baglanyşyklydyr. Ykdysadyýetiň geçiş döwri täze hojalyk gatnaşyklarynyň emele gelmegi, hususy eýeçiligiň, erkin bäsleşigiň döremegi bilen baglanyşyklydyr. Şol bir wagtyň özünde ulgamlaýyn geçiş ahyrky maksat bolman, has wajyp sepgit bolan bazar gatnaşykalryny döretmekden ybaratdyr.

Häzirki wagtda tutuşlaýyn hususy eýeçilikde hereket edýän ýekejede döwlet ýokdur. Bazar ykdysadyýetli ösen ýurtlarda-da döwlet eýeçiliginiň barlygy ýetmezçilikdir. Esasy maksat döwlet eýeçiligini hususy eýeçilige geçirmäge ymtylmakdyr.

Köp halatlarda bazar gatnaşykly we geçiş häsiýetli ýurtlara bellibir görkeziji arkaly baha bermek örän kyndyr. Sebäbi geçiş häsiýetli ýurtlarda hem hususy eýeçiligiň ykdysadyýetdäki paýy ösen döwletleriňkiden pes däldir.

Jemgyýeti bazar gatnaşyklaryna geçirmek ykdysadyýeti geçirmekden has kyndyr. Jemgyýetiň geçiş döwri birnäçe onýyllyklara çekip biler. Jemgyýetiň geçiş döwri munuň ýurtdaky adamlaryň aň-düşünjesi, dünýägaraýşyny, medeniýetini, etikasyny bazar gatnaşyklaryna uýgunlaşdyrmakdan ybaratdyr.

## 37.2. Ulgamlaýyn özgertmeleriň esasy ugurlary

Geçiş häsiýetli ykdysadyýetiň nazaryýet we usulyýet esaslary geçen 60-njy ýyllarda. Merkezi Ýewropanyň sosialistik ýurtlarynda döräp başlady. Ozalky Ýugoslawiýada we Wengriýada bazar gatnaşyklarynyň käbir düzüm bölekleri ykdysadyýete ornaşdyrylyp başlandy. Hatda, bazar sosializmi diýen nazaryýeti hem ýüze çykdy. Soňra bu tejribe Hytaýda we Wýetnamda peýdalanyp başlandy.

1990-njy ýyllardan başlap bu tejribäni ozalky sosialistik ýurtlaryň hemmesi diýen ýaly peýdalanyp başladylar.

Geçiş häsiýetli ykdysadyýetiň iki sany ugry tapawutlandyrylýar. Olaryň birinjisi ýuwaş-ýuwaşdan (ewolýusion), beýleki (radikal) bazar gatnaşyklaryna çalt geçmek ugurlarydyr. Ýuwaş-ýuwaşdan bazar gatnaşyklaryna geçmek – munuň özi ulgamlaýyn ykdysady özgertmeleri tapgyrlaýyn yzygiderli durmuşa geçirmegi aňladýar. Ykdysadyýetde administratiw-komanda ulgamy bilen bazar mehanizmi bilelikde hereket edýär. Netijede, ykdysadyýetiň iki sektorly modeli emele gelýär. Bu ugruň artykmaçlygy JIÖ-

-niň birden pese gaçmazlygy, bahalara döwlet gözegçiligi, durmuş-medeni şertleriň ýeňilleşdirilmegidir. Ýetmezçiligi bolsa döwletiň ykdysadyýete goşulyşmasynyň ýokarlanmagy, bäsleşigiň pesligi, geçiş döwrüniň uzaga çekmegidir. Bazar gatnaşyklaryna tapgyrlaýyn geçýän döwletlere Wýetnam, Belarus, Hytaý, Täjigistan, Özbegistan degişlidir.

Bazar gatnaşyklaryna çalt geçiş ugry ykdysady we ulgamlaýyn özgertmeleri çalt we deň alyp barmaga aýdylýar. Çalt geçiş ugry ilkinji bolup maliýe, pul-karz, içerki we daşarky söwdanyň, bahalaryň erkinleşdirilmegine esaslanýar. Çalt geçmek ugruň esasy görnüşi bolup, «şok terapiýa – seňselemek» çykyş edýär. Onuň artykmaçlygy gysga wagtyň içinde bazar gatnaşyklaryny emele getirmekdir. Ýetmezçiligi bolsa birnäçe ýyllaryň dowamynda ykdysadyýetiň we durmuş-medeni ýagdaýyň pese gaçmagy çykyş edýär.

Geçiş häsiýetli ykdysadyýetiň ulgamlaýyn özgertmeleriniň nazaryýeti aşakdaky esasy ugurlara bölünýär. Olara: hojalyk işiniň erkinleşdirilmegi, institusional transformasiýa, açyk ykdysadyýetiň we täze pudaklaýyn düzümiň emele gelmegi, sosial sferasynyň özgerdilmegi degişlidir. Bu ugurlaryň hersi boýunça aýratyn durup geçeliň.

Hojalyk işiniň erkinleşdirilmegi hojalyk işinde döwletiň ornunyň azaldylmagyny aňladýar. Onuň üçin aşakdaky wezipeler çözülýär:

– döwlet meýilnamasy, administratiw-komanda beriş ulgamyny aradan aýyrmak, onuň ulanyşyny pese gaçyrmak:
– döwletiň ykdysadyýeti sazlaşdyrmasyny salgyt, býujet çykdajylary, hasap derejesi, walýuta kursy ýaly höweslendiriji çäreleriň üsti arkaly alyp barmagy:
– pudaklarda we sferada döwlet monopoliýasyny aradan aýyrmak.

Çalt geçýän ýurtlarda döwlet monopoliýasy üzül-kesil pese düşýär. Ýuwaş-ýuwaşdan geçýän ýurtlarda bolsa ykdysadyýetiň esasy pudaklarynda döwlet monopoliýasy uzak wagtlap saklanýar.

– döwletiň bahalara gözegçiligi bes etmegi ýa-da çäklendirmegi:
– bäsleşigi we kiçi işewürligi höweslendirmek syýasatynyň alnyp barylmagy, daşary ýurt kompaniýalaryna bolan çäklendirmeleriň ýuwaş-ýuwaşdan peseldilmegi:

Institusional transformasiýa ozalky hukuk binýat bilen bir hatarda täze institutlaryň, formal we formal däl guramalaryň döredilmegi bilen baglanyşyklydyr. Bu institutlaryň has wajyplaryna aşakdakylar degişlidir:

– täze hojalyk kanunçylygy, raýat kodeksi;
– hususy eýeçilik instituty;
– bäsleşik instituty;

Hojalyk we täze bazar şertleriniň etikasy.

Açyk ykdysadyýetiň we täze pudaklaýyn düzümiň emele gelmegi meýilnamalaşdyrmagy üzül-kesil pese düşürmek, içerki we daşarky tölege ukyplylyga nazarlanmak, şeýle hem netijesiz pudaklardan ýüz öwürmäge düşünilýär.

Sosial sferadaky özgertmeler ilkinji nobatda pensiýa, medisina, bilim, ýaşaýyş jaý hojalygy ýaly ulgamlarda alnyp barylýar. Bu mehanizm döwletiň hasabyna mugt däl-de, tölegli hyzmatlara esaslanýar.

Geçiş häsiýetli ýurtlaryň hemmesi-de bu ugurlary ulanýarlar. Ýöne, olaryň durmuşa ornaşdyrylyşynyň çaltlygy boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar. Munuň özi, ilkinji nobatda, çalt, ýuwaş-ýuwaşdan geçýän ugurlaryň saýlanyşyna, ulgamlaýyn özgertmeleriň geçiriliş çaltlygyna baglydyr.

## 37.3. Ulgamlaýyn özgertmeleriň häsiýetnamasy

Hojalygy bazar gatnaşyklaryna geçirmek ýuwaş-ýuwaşdan we çalt geçmek bilelikde we aýratynlykda peýdalanylyp bilner. Çalt geçmek ugry boýunça döwletler aşakdaky toparlara bölünýärler:

– **has çalt geçýän döwletler.** Olara Baltika döwletleri, Sloweniýa, Polşa, Wengriýa, Çehiýa we Slowakiýa degişlidir.
– **birneme haýalrak geçýän döwletler.** Oňa Russiýa, Ukraina, Moldowa, Gazagystan, Gyrgyzystan, Bolgariýa, Albaniýa, Rumyniýa degişlidir.
– **haýal geçýän döwletler.** Oňa Özbegistan, Belarus, Türkmenistan degişlidir.
– **ýuwaş-ýuwaşdan geçýän döwletlere** Wýetnam, Hytaý degişlidir.

Ykdysadyýeti bazar gatnaşyklaryna geçirmegiň iki ugrunyň bolmagy aşakdaky şertlere esaslanýar. Ol şertlere ykdysady özgertmeleriň başlanan wagtyndaky şertler we özgertmeleri geçirmegiň netijeliligi degişlidir.

Özgertmeleriň başlanan wagtyndaky şertler dürli döwletlerde düýpli tapawutlanýar. Ol şertlere ilkinji nobatda aşakdakylar degişlidir:

– **özgertmeleriň başlanan wagtyndaky syýasy demokratiýanyň dürli derejesi.** Mysal üçin, Ýewropa ýurtlarynda özgertmeler örän

çalt geçirildi. Has takygy özgertmeleri geçiriliş derejesi syýasy demokratiýa bilen şertlenendir.

– **ykdysady ösüşiň derejesi.** Mysal üçin, ozalky SSSR-iň iň ösen respublikalary bolup Baltika ýurtlary çykyş edýärdi. Şonuň üçin bu döwletler bazar ykdysadyýetine çalt geçdiler. Orta Aziýa respublikalary yzagalak bolanlygy üçin haýal geçýärler.
– **hojalyk adalary.** Mysal üçin, Merkezi Ýewropa ýurtlary Ikinji jahan urşuna çenli bazar ykdysadyýetlidi. Bazar gatnaşyklary olaryň ýadyndan entek çykmandy. Şonuň üçin olar bazar gatnaşyklaryna çalt we ýeňil geçdiler. Emma Orta Aziýa ýurtlary ýarym feodalçylykdan göni sosializme geçdiler. Bu döwletleriň halklarynda bazar gatnaşyklary barada hiç-hili düşünje ýokdy. Şonuň üçin bu döwletlerde bazar gatnaşyklaryna geçmek kyn we haýal amala aşýar.
– **medeni nazarlanma.** Ol bazar gatnaşyklarynyň modellerine esaslanýar. Mysal üçin, Hytaý, Taýwan we Gonkong, Baltika respublikalary Demirgazyk Ýewropa, Orta Aziýa döwletleri türk we arap modellerine nazarlanýarlar.
– **ykdysadyýetiň deňagramlylygy.** Bäsleşige ukyply we ukypsyz kärhanalaryň ösüşiniň deňeçerligini gazanmak. Ilkinji nobatda öňdebaryjy pudaklardan gelýän serişdeleriň bir bölegini bäsleşige ukypsyz kärhanalara gönükdirmek we olary netijeli işletmek.
– **halkara we sebitara gatnaşyklaryň ýagdaýy.** Halkara we sebitara dawalar, uruşlar özgertmeleriň geçirilişini haýalladýar. Mysal üçin, Moldowada Pridnestrowiýe, Russiýada Çeçenistan we ş.m.

Bütindünýä bankynyň hünärmenleriniň pikirine görä, özgertmeleriň geçirilip başlanan wagtyndaky şertler bilen bir hatarda özgertmeleri netijeli geçirmek hem wajyp ähmiýete eýedir. Şonuň üçin özgertmeleriň geçirilýän wagtyndaky esasy pursatlara seredeliň:

– umumy milli strategiýanyň bolmagy;
– syýasy elitanyň hili;
– jemgyýetiň ähli gatnaşyklarynyň bähbitleriniň goralmagy.

Ýokarda görkezilen pursatlary döwlet öz wagtynda ulanyp bilen halatynda özgertmeleriň netijeliligi has ýokary bolýar diýlip hasaplanylýar.

## 37.4. Ulgamlaýyn özgertmeleriň netijeleri

Ulgamlaýyn özgertmeleri geçirmegiň iki görnüşinde hem üstünlikler we şowsuzlyklar ýüze çykýar. Olaryň hersine aýratynlykda seredip geçeliň;

Özgertmeleriň başlanan wagtynda ykdysadyýetiň durnuksyzlygy nukdaýnazary. Ýuwaş-ýuwaşdan geçýän ykdysadyýetde JIÖ pese gaçmaýar, maliýe durnuklylyk saklanylýar, ykdysady ösüş başlaýar. Çalt geçýän ýurtlarda JIÖ pese düşýär, maliýe durnuksyzlyk ýokarlanýar, işsizlik artýar, durmuş-medeni ulgam pese düşýär. Bu ýagdaý has çalt geçýän ýurtlarda ýiti ýüze çykýar. Durnuksyzlyk birnäçe ýyllara çekýär;

Ykdysady ösüş nukdaýnazary. Ýuwaş-ýuwaşdan geçýän hojalykda JIÖ çalt ösýär. Mysal üçin, Hytaýda bu görkeziji soňky üç onýyllygyň dowamynda 9–10%-e barabar boldy. Emma çalt geçýän ýurtlaryň hemmesinde ykdysadyýet ýyllar boýy pese düşdi.

Bazar ykdysadyýetini üstünlikli gurmak nukdaýnazary. Haýal geçýän ýurtlarda bazar gatnaşyklary hem haýal ösýär. Emma «şok terapiýa» görnüşini saýlap alan ýurtlarda 5–10 ýylyň içinde bazar gatnaşyklaryna geçýärler.

Özgertmeleriň sosial netijeleri nukdaýnazary – mysal üçin, Baltika ýurtlarynda ilatyň girdejileri çalt ýokarlandy. Emma käbir ýurtlarda sosial görkezijiler pese gaçmagyny dowam etdirýär.

Dünýä ykdysadyýetinde gatnaşyş nukdaýnazary. «Şok terrapiýa» görnüşinde geçýän döwletler halkara zähmet bölünişigine has işjeň gatnaşýar. Ol halkara söwda, kapitalyň halkara hereketi we ş.m. halkara gatnaşyklaryň görnüşine beýleki ugra garanyňda has çalt integrirlenýär.

Ulgamlaýyn özgertmeleri geçirmegiň esasy sapaklaryna aşakdakylar degişlidir:

- özgertmeleri çaltlandyrmak üçin güýçli institutlaryň wajyplygy;
- hususylaşdyrmagyň we hususy sektoryň netijeli işledilmegi;
- hususylaşdyrylan kärhanalary (wagtlaýynça) korporatiw dolandyrmak;
- özgertmeleriň geçirilýän wagty döwletiň umumymilli bähbitlerini goramagy.

Merkezi Ýewropa ýurtlarynyň köpüsini häzirki wagtda ösen döwletleriň hataryna goşmak bolar. Hytaý bilen Wýetnam uly ykdysady üstünlikleri gazanýandygyna garamazdan, ösüp gelýän döwletleriň hataryndadyr. Sebäbi olaryň makroykdysady görkezijileriniň köpüsi ösen döwletleriňki bilen deňeşdireninde pesdir.

Ýakyn wagtlarda GDA-nyň Russiýa, Ukraina, Gazagystan, Belarus

ýaly, döwletlerini ösen ýurtlaryň hataryna goşarlar. Beýleki ýurtlar ýakyn geljekde ösüp gelýän ýurtlaryň sanawynda galarlar.

Umuman, ösüp gelýän ýurtlaryň ýakyn geljekdäki perspektiwalaryny şeýleräk göz öňüne getirmek bolar.

# XXXVIII BAP
# GARAŞSYZ DÖWLETLERIŇ ARKALAŞYGY (GDA) ÝURTLARYNYŇ YKDYSADYÝETI

## 38.1. GDA-nyň emele gelmegi

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy (GDA) 1991-nji ýylda SSSR-iň ýykylmagy bilen emele geldi. Ozalky soýuzyň düzümindäki on bäş sany respublikanyň on ikisi bu integrasiýanyň düzümine girdi. Baltika ýurtlary integrasiýa gatnaşmakdan ýüz öwürdiler.

GDA-nyň döredilmeginiň esasy maksady – ozalky soýuz döwründe emele gelen ykdysady zynjyry üzmän saklamakdan ybaratdyr. Onuň beýleki integrasiýalardan tapawudy hem şundan ybaratdyr. Beýleki integrasiýalar ykdysadyýetleri ösdürmek üçin döredilse, GDA ozalky hojalyk gatnaşyklary saklamak üçin döredildi. Emma bu integrasiýa gatnaşýan döwletlere bu iş başartmady. Bu döwletleri 1200-den gowrak şertnamalar we ylalaşyklar baglanyşdyrýan hem bolsa, olaryň 40 göterimi hem ýerine ýetirilmedi.

Ozalky soýuz respublikalarynyň arasyndaky hojalyk gatnaşyklarynyň bozulmagyna birnäçe faktorlar täsir etdi. Olara: täze respublikalaryň kanunçylyk, hukuk binýadynyň üýtgemegi, täze milli walýutalaryň ulanyşyga girizilmegi, dollar ýetmezçiligi, döwletleriň import syýasatynyň üýtgemegi, täze daşary syýasatlaryň emele gelmegi, milletara oňşuksyzlyklar, syýasy garaýyşlar, eýeçilik gatnaşyklarynyň üýtgemegi, önümçilikleriň pese gaçmagy, karzlaşdyrmagyň düýpgöter peselmegi we ş.m degişlidir.

GDA territoriýasynyň ululygy boýunça dünýäniň iň iri integrasiýasydyr. Ol gury ýeriň 16 göterimine eýedir. Bu ägirt uly territoriýada tebigy baýlyklaryň dünýä boýunça ähmiýetli gorlary jemlenendir. Tebigy baýlyklaryň görnüşi we gorlary boýunça bu integrasiýanyň dünýäde deňi-taýy ýokdur.

GDA ýurtlaryny tebigy baýlyklar boýunça 3 topara bölýärler:

1) tebigy resurslara baý ýurtlar – Russiýa, Gazagystan, Ukraina;
2) uglewodorodlara baý ýurtlar – Türkmenistan, Russiýa, Özbegistan, Gazagystan, Azerbaýjan;
3) mineral resurslara garyp ýurtlar – Täjigistan, Gyrgyzystan, Ermenistan, Moldowa, Belarus.

GDA-nyň düzümindäki döwletleriň özara gatnaşyklarynyň gowşamagyna ozalky soýuz respublikalaryň arasynda täze integrasiýalaryň döremegi ýa-da ýurtlaryň başga integrasiýalara gatnaşmagydyr. Şeýle integrasiýalara GUÖAM (Gruziýa–Ukraina–Özbegistan–Azerbaýjan–Moldowa), Russiýa–Belarus hyzmatdaşlygy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy (ŞHG), Ýewropa–Aziýa Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy (ÝAzYHG) degişlidir. Bu integrasiýalaryň içinde has täsirlisi ÝAzYHG-dir. Onuň agzalary Belarus, Russiýa, Gazagystan bolup, olar umumy bazary emele getirdiler. Gyrgyzystan, Täjigistan, Ermenistan, Ukraina bu gurama doly hukukly agza bolmaga çalyşýar. GDA diňe bir ozalky soýuz respublikalardan başga-da beýleki döwletler üçin hem açyk integrasiýadyr. Bu bapda GDA-nyň iri döwletleri bolan Ukrainanyň, Gazagystanyň, Özbegistanyň, Belarusyň ykdysadyýeti barada maglumatlar getirilýär. GDA-nyň iň iri ykdysadyýeti, integrasiýanyň lokomotiwi bolan Russiýanyň ykdysadyýetine aýratynlykda, ýagny, 39-njy bapda serediler.

## 38.2. Ukrainanyň ykdysadyýeti

Ukraina döwleti Gündogar Ýewropada ýerleşip, özüniň eýeleýän çägi boýunça Ýewropada Russiýa Federasiýasyndan soň ikinji ýerde durýar. Ukrainanyň tutýan meýdany 603,7 müň inedördül km-e deň bolup, Ýewropanyň 5,7% çägini eýeleýär. Ýurduň 4 müň inedördül km meýdany tutýan Tuzlin zolagynyň günbatar bölegi Aziýa yklymynda ýerleşýär. Ukrainanyň çägi günbatardan-gündogara 1316 km, demirgazykdan-günorta bolsa 893 km uzalyp gidýär. Ukraina döwletiniň gury ýer araçäginiň uzynlygy 5624 km-e, deňiz araçäginiň uzynlygy 1355 km-e deň. Ukraina BMG-niň agzalary bolan 7 sany döwlet bilen araçäkleşýär. Ukraina gündogarda we demirgazyk-gündogarda Russiýa (uzynlygy 1955 km), demirgazykda Belarus (1084 km), günbatarda Polşa (542 km), Slowakiýa (98 km) we Wengriýa (135 km), gü-

norta-günbatarda Rumyniýa (608 km) we Moldowa (1202 km, şonuň 405 km ykrar edilmedik Pridnestr Moldaw Respublikasy tarapyndan gözegçilik edilýär) döwletleri bilen araçäkleşýär. Deňiz araçäginiň uzynlygy 1355 km bolup, şonuň 1056,5 km Gara deňzine, 249,5 km Azow deňzine we 49 km Kerçen bogazyna düşýär.

Ukraina döwleti amatly ykdysady we ulag-geografiki ýerleşişi bilen tapawutlanýar. Ýewropa yklymynyň merkezinde ýerleşenligi üçin gündogardan-günbatara we demirgazykdan-günorta uzap gidýän halkara ulag ýollary we geçiriji turbalar Ukraina döwletiniň çäginden geçýär. Gara deňziň kenarynda ýerleşip, açyk ummana çykalgasynyň bolmagy Ukraina döwletine wajyp ykdysady we syýasy ähmiýet berýär. Amatly ulag-geografiki ýerleşişi ýurduň söwda-ykdysady gatnaşyklaryny dürli ugurlar we ulaglar bilen amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

Ýurduň çäginiň uly bölegine tekiz relýef mahsusdyr. Düzlükler we peslikler (Garadeňizkenar, Polessa, Karpatýaka peslikleri) döwletiň çäginiň 70%, belentlikler 25% we daglar (Ukrain Karpaty) 5% meýdanyny tutýar. Ukrainada düzlükleriň we belentlikleriň agdyklyk etmegi, ýurduň çäginde öndüriji güýçleri ýerleşdirmäge we ösdürmäge amatlylyk döredýär. Ukraina Gündogar Ýewropa düzlüginiň sosnaly we garyşyk tokaýly, tokaýly sähra we sähra zolagynda ýerleşýär. Tokaý zolagynda sosna, ak pihta, buk we dub agaçlary giň ýaýrandyr. Ýurduň çäginiň uly bölegine aram kontinental, ortaýerdeňiz klimaty mahsusdyr. Ukrainanyň aram kontinental klimaty we giň ýaýran mes gara toprakly ýerleri, ýurtda ekerançylygy ösdürmäge esas bolup durýar.

Ukraina gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň köp görnüşlerine we uly gorlaryna eýedir. Ýurt kömrüň we demir magdanlarynyň gorlary boýunça has tapawutlanýar. Donbasda kömrüň, Kriwoýrogda we Kerçde demir magdanlarynyň, Nikopolda marganesiň gorlary ýerleşýär. Nebitiň we gazyň gorlary Karpatýaka we Garadeňiz-Krym sebitlerinde jemlenen. Himiýa senagatynyň çig maly bolan kükürt Razdolyda, kaliý duzlary Karpatýakasynda, daş duzlary Donbasda ýerleşýär. Ukrainada reňkli metallaryň käbir görnüşleri, kaolin, sement çig maly, dolomitler uly ähmiýete eýedir. Ýurduň günortasyna Gara deňiz ýanaşyp, ol bu ýerde deňiz hojalyk toplumynyň emele gelmegine ýardam etdi. Ýurduň deňiz kenarlary, tokaýlyk hem-de daglyk sebitleri syýahatçylyk we dynç alyş resurslaryna eýedir. Umuman, Ukrainanyň tebigy resurslary we şertleri köp ugurly hojalyk pudaklaryny ösdürmäge oňaýly täsir edýär.

Ukrainanyň ilaty 46 mln. gowrak bolup, şonuň 31,5 mln. (68,4%) şäherlerde we 14,5 mln. (31,5%) oba ýerlerinde ýaşaýar. Ukrainanyň 16 sany iri

şäher aglomerasiýalarynda 17 mln. golaý (ýurduň ilatynyň 37%) adam ýaşaýar. Bu görkeziji Ukrainanyň has senagatlaşan we şäherleşen döwletdigini görkezýär. Ýurtda 459 säher, 885 şäherçe we 28564 oba ilatly ýerler bar. Ilatynyň sany boýunça Kiýew, Harkow, Dnepropetrowsk, Odessa, Donesk, Zaporožýe, Lwow, Kriwoý-Rog, Nikolaýew, Mariupol, Lugansk şäherleri tapawutlanýar.

Ukraina köp milletli ýurt. Ilatyň 77%-den gowragyny ukrainler, 17%-ni ruslar tutýar. Beýleki halklardan ermeniler, belaruslar, krym tatarlary, bolgarlar, moldawanlar, wengerler, rumynlar, polýaklar we beýlekiler ýaşaýarlar. Ukrain dili döwlet dilidir. Ilatyň gürlügi 1 inedördül km 76 adam düşýär. Ilatyň ýerleşişi deň däldir. Ýurduň has senagatlaşan sebiti bolan Donesk--Dneprýaka sebitinde ilatyň gürlüligi 200 adamdan hem geçýär. Ukrainanyň ilatynyň köp bölegini orta we ýokary ýaşdaky adamlar tutýar. Bu bolsa bellibir derejede zähmet resursy balansyna täsirini ýetirýär. Ukraina döwletiniň ýeterlik derejede we ýokary hünärli zähmet resurlary bar. Ykdysady taýdan işjeň ilatyň sany 22,4 mln. adama ýetýär. Ykdysady taýdan işjeň ilatyň uly bölegi senagatda (20,1%), oba hojalygynda (23,1%), hem-de söwdada, jemgyýetçilik iýmitinde we üpjünçilikde (18%) zähmet çekýärler.

Ukraina unitar parlament-prezidentli respublikadyr. Häkimiýetiň esasy guramalaryna: Prezident, Hökümet (Ukrainanyň ministrler kabineti) we Ýokary kanunçykaryjy guramasy (Ukrainanyň Ýokary Radasy) degişlidir.

SSSR-iň dargamagy netijesinde Ukrainanyň ýöriteleşen hojalyk gatnaşyklary bozulýar we ykdysadyýetiniň esasy pudaklarynyň ösüşi togtaýar. Bu bolsa onuň hojalygynyň pudaklaýyn we çäkleýin düzüminde, tehnologiki üpjünçiliginde düýpli özgerişlikleriň geçirilmegini talap etdi. Ukrainanyň ykdysadyýetini özgertmekde möhüm orun hususylaşdyrmaga berlip, onuň işjeň basgançagy 1990-njy ýyllaryň ahyrynda başlady. Agrar gatnaşyklaryndaky özgertmeler hususy we döwlet hojalyklarynyň gatnaşygyny hil taýdan üýtgetmäge, ýeterlik bazar şertini döretmäge hem-de oba hojalyk bazarynyň hemmetaraplaýyn ösen infrastrukturasyny üpjün etmäge ýardam etdi. Bu geçirilen ykdysady reformalar Ukrainanyň ykdysadyýetiniň pese gaçmagyny togtatdy hem-de XXI asyryň başyna ýurduň hojalygynyň ýokary depginde dikeldilmegini üpjün etdi. Emma syýasy durnuksyzlyk we import edilýän energoresurslaryň bahalarynyň ýokary galmagy, adaty hojalyk gatnaşyklarynyň bozulmagy netijesinde 2005-nji ýyldan başlap Ukrainanyň ykdysadyýetiniň ösüşi togtady. 2010-njy ýylda geçirilen Prezident saýlawyndan soň, syýasy tarapdan durnuklylygy gazanan Ukrai-

na döwleti adaty we bähbitli hojalyk gatnaşyklaryny täzeden ýola goýup, çöken ykdysadyýetini dikeldip başlady. Garaşsyzlyk ýyllarynda alnyp barlan oýlanyşykly býujet we maliýe syýasaty, milli bazaryň ösdürilmegi, bäsleşige ukyply eksport önümçiliginiň döredilmegi ukrain ykdysadyýetiniň köp pudaklarynyň ösüşini üpjün etdi. 2000-nji ýyldan başlap Ukraina özüniň makroykdysady görkezijileriniň depginleri boýunça dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň toparyna girýär. 2009-njy ýylyň maglumatyna görä, jemi içerki önümiň möçberi boýunça Ukraina dünýä ykdysadyýetinde 40-njy orunda durýar.

Ukraina – köp pudakly bazar ykdysadyýeti, ösen senagaty we oba hojalygy bolan ýurt. Ykdysadyýetiň has ösen pudaklaryna gara we reňkli metallurgiýa, maşyn we gämi gurluşygy, energetika, himiýa, oba hojalygy we dag magdanyny gazyp çykaryjy önümçilikleri degişlidir. Ýurduň ylmy-önümçilik mümkinçiliginiň mundan beýläk hem ösdürilmegine uly üns berilýär. Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurduň senagat önümçiliginiň düzüminde düýpli özgerişlikler bolup geçdi. 1990-njy ýylda maşyn-gurluşygy ýurduň senagat önüminiň 31%-ni beren bolsa, bu görkeziji 2008-nji ýylda 14%-e çenli aşaklady. Şol bir wagtda gara metallurgiýa önümleriniň paýy 11%-den 27%-e çenli ýokarlandy. Ukrainada gara metallurgiýa XIX asyryň 70-nji ýyllarynda ösüp başlady. Ýurtda doly önümçilik basgançakly metallurgiýa zawodlary (Donesk, Makeýewka, Mariupol, Dnepropetrowsk, Kriwoý Rog) agdyklyk edýär. Ukraina gara metal önümleri bilen diňe içerki islegleri doly kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, onuň esli bölegini eksport edýär. Eksport edilýän önümleriň hilini ýokarlandyrmak we möçberini artdyrmak maksady bilen ýurduň metallurgiýa zawodlary täzeden enjamlaşdyrylýar. Ukrainanyň reňkli metallurgiýa zawodlary ýerli çig mallardan alýumin, titan, magniý (Zaporožýe), simap (Gorlowka), sink (Donbass) öndürmäge ýöriteleşen. Ýurduň metallurgiýa zawodlary üçin zerur bolan daşkömür Donbass basseýninden gazylyp alynýar. Donbass ýurduň esasy kömür basseýnidir. Bir ýarym asyr bäri özleşdirilip gelinýän basseýniň amatly ýerleşen ojaklary özleşdirildi. Häzirki wagtda kömür çuňlugy 1000 metrden geçýän we önümli gatlagyň galyňlygy ýarym metrden geçmeýän ojaklardan gazylyp alynýar. Ykdysady we howpsuzlyk taýdan amatsyzlygy üçin ýurduň kömür şahtalarynyň 70 göterime golaýyndan kömür çykarmak togtadyldy. Muňa garamazdan, Donbasyň kömrüniň gowy kokslanýan häsiýeti we ýokary kaloriýalylygy bellibir derejede ony gazyp almak üçin harç edilýän uly harajadyň öwezini ýapýar. Ýurduň iri metallurgiýa binýady maşyn-gurluşyk toplumyny, aýratyn hem metallary köp talap

edýän ugurlaryny ösdürmäge amatly mümkinçilik döredýär. Şol sebäpli, Ukrainanyň maşyn-gurluşyk kärhanalary metallurgiýa zawodlary we magdanlary gazyp alýan pudaklar üçin enjamlar, teplowozlar, ýük wagonlary, deňiz gämilerini öndürýär. Ukraina oba hojalyk maşynlaryndan traktorlary we kombaýnlary öndürýär. Kiýew we Harkow şäherlerinde maşyn-gurluşyk senagatynyň öňdebaryjy pudaklary bolan priborgurluşyk, elektron, samolýot, harby-kosmiki senagaty ösen. Duz, kükürt, gara metallurgiýanyň we kokslanan kömrüň galyndylaryna, tebigy gaza esaslanýan himiýa senagat kärhanalary kislota, soda, mineral dökünleri, plastmassa, himiki süýüm, sintetiki kauçuk, rezintehniki önümlerini öndürmäge ýöriteleşen. Milli ykdysadyýetiň ösýän talaplaryny doly üpjün etmek maksady bilen, ýurtda güýçli energetika binýady döredildi. Ýurtda gazylyp alynýan nebit ykdysadyýetiň içerki işlegleriniň 20%-ni, gaz 25%-ni üpjün edýär. Energetiki maksatly çykarylýan kömrüň mukdary azalýar. Ýurtda öndürilýän elektroenergiýanyň üçden bir bölegi ýylylyk elektrostansiýalaryň paýyna düşýär. Dnepr we Dnestr derýalarynda kuwwatly gidroelektrostansiýalar, günorta we günorta-günbatar sebitlerinde Atom elektrostansiýalary hereket edýär. Häzirki wagtda hereket edýän 4 sany atom elektrostansiýalary (Zaporožýe, Günorta Ukrain, Rowna we Hmelnisk) ýurduň öndürýän elektroenergiýasynyň 53%-ni berýär. Ukraina döwleti her ýyl 10 mild. kwt. sagatdan gowrak elektroenergiýany Polşa, Wengriýa, Slowakiýa, Rumyniýa we Moldowa ýurtlaryna eksport edýär.

Ukraina döwletiniň gurluşyk materiallary senagatynyň iri kärhanalary Donesk–Dneprýaka sebitinde ýerleşip, sement, gurluşyk keramikasyny we aýnasyny öndürmäge ýöriteleşen. Agajy gaýtadan işleýän, mebel we sellýuloza senagaty Žitomir, Herson, Lwow, Kiýew oblastlarynda ösen. Ukrainanyň azyk senagat kärhanalary şeker, ösümlik we mal ýagyny, et, konserwa, çakyr, temmäki öndürýär. Ýurduň ýeňil senagat kärhanalarynyň esasy önümi dokma pudagynyň paýyna düşýär. Herson, Ternopol, Donesk şäherlerinde nah mata, Çernigow we Odessa şäherlerinde ýüň mata, Žitomir we Rowno şäherlerinde zygyr egirýän kärhanalar ýerleşýär. Gön-aýakgap kombinatlary Kiýew, Harkow, Odessa, Lwow şäherlerinde hereket edýär. Donbass (Donesk we Lugansk oblastlary) we Dneprýaka (Dnepropetrowsk we Zaporožýe oblastlary) sebitleri hem-de Kiýew, Harkow, Odessa we Lwow şäherleri Ukrainanyň ykdysady taýdan has ösen çäkleridir.

Geografiki ýerleşişi, amatly tebigy-howa şertleri, özboluşly dag we deňiz tebigaty Ukrainanyň bu gün dünýäniň syýahatçylyk pudagyna işjeň aralaşmagyna ýardam edýär. Amatly klimaty, arassa suwy, owadan we täsirli ösümlikleri bolan ýurduň ähli deňiz kenarýakasynda dünýä äh-

miýetli saglygy dikeldiş we dynç alyş merkezleri ýerleşen (Ýalta, Ýewpatoriýa). Ukrain Karpatysynda dag lyža sportuna ýöriteleşen syýahatçylyk, Karpatýakasyndaky seýrek duş gelýän mineral suwly ýerlerinde bolsa saglygy dikeldiş kurortlary (Truskawesk) ösen. Syýahatçylyk we kommunikasion infrastrukturanyň mundan beýläk hem ösdürilmegi we giňeldilmegi ýurduň ykdysadyýetiniň geljegi uly bolan ugurlary hasaplanýar.

Uly we ýokary derejede ösen agrosenagat toplumy ýurduň ykdysadyýetiniň wajyp düzüm bölegidir. Ekerançylykda däneli ekinler agdyklyk edýär. Däneli ekinler ýurduň ähli sürüm ýerleriniň ýarpysyny eýeleýär. Däneli ekinlerden esasan bugdaý, mekgejöwen ösdürilip ýetişdirilýär. Ýurduň esasy tehniki ekini – gant şugundyry. Sähraly zolagynda günebakar ösdürilip ýetişdirilýär. Ýurduň demirgazyk-günbatarynda zygyr ekilýär. Ukrainanyň ähli sebitinde bagçylyk, gök ekerançylyk we maldarçylyk ösen. Maldarçylyk pudagy üçin ýeterlik mukdarda ot-iým taýýarlanylýar. Ýurduň ähli çäginde süýt-ete ýöriteleşen iri şahly mallar, tokaýly sähra we sähra zolaklarynda doňuzdarçylyk, sähra we Karpat zolaklarynda dowardarçylyk ösen.

Ukrainada ulaglaryň ähli görnüşleri ösen. Ulaglaryň ähli görnüşleriniň ösmegine ýurduň amatly geosyýasy, geografiki we ulag-geografiki ýerleşişi täsir edýär. Ýurduň içerki ýük dolanyşygynda has gür we giň ýaýran demir ýol ulaglary aýratyn orun tutýar. Demir ýol ulaglary esasan, gazylyp alynýan mineral çig mallary gaýtadan işleýän kärhanalara daşalýar. Goňşy döwletlere ugradylýan çig mallar, taýýar önümler hem şu ulagyň üsti bilen amala aşyrylýar. Ýurduň demir ýollarynyň uzynlygy 22,5 müň km-e deň. Soňky ýyllarda awtomobil ulagynyň ähmiýeti hem artýar. Awtomobil ýollarynyň uzynlygy 170 müň km gowrakdyr. Ýurduň içindäki adam gatnawynda awtomobil ulaglary esasy orun tutýar. Ukrainanyň halkara söwda gatnaşygynda deňiz ulagynyň ähmiýeti uludyr. Odessa, Iliçewsk, Herson, Mariupol, Kerç ýurduň iri port şäherleridir. Derýa ulag ýollarynyň uzynlygy 1672 km-e deň. Dnepr we Dunaý derýalary halkara ýükleriň daşalýan wajyp ýoly. Ukraina dünýäniň onlarça ýurtlary bilen howa gatnaşyklaryny amala aşyrýar. Kiýew, Harkow, Dnepropetrowsk, Donesk, Mariupol, Simferopol, Lwow we Odessa şäherlerinde uly halkara aeroport toplumlary hereket edýär. Ukrainanyň ösen nebit (20 müň km) we gaz (4,5 müň km) geçirijileri bar. Russiýa Federasiýasynyň Ýewropa ýurtlaryna eksport edýän hebit we gaz geçirijileriniň uly şahalary Ukrainanyň çäginden geçýär.

Ukrainanyň çägi ýöriteleşen pudaklaryň düzümi we geljekki ösüş mümkinçilikleri bilen tapawutlanýan üç sany ykdysady sebite bölünýär: Donesk-Dneprýaka, Günorta we Günorta-Günbatar. Donesk-Dneprýaka ykdysady sebiti ýerli çig mallaryň

esasynda önüm öndürýän kömür, gara metallurgiýa, himiýa we agyr maşyn gurluşygyna ýöriteleşen. Bu ykdysady sebitde agrosenagat toplumy pes derejede ösen. Donesk, Zaporožýe, Dnepropetrowsk şäherlerinde metallurgiýa, maşyn gurluşyk pudaklary ösen. Harkow şäheri Ukrainanyň esasy maşyn-gurluşyk merkezi. Şäherde traktor, turbina, çylşyrymly maşyn-gurluşyk hem-de harby-senagat önümlerini öndürýän kärhanalar ýerleşýär. Ýurduň Günorta ykdysady sebiti deňiz bilen baglanyşykly pudaklara ýöriteleşen. Nikolaýew, Herson we Kerç şäherlerinde tankerler, gury ýük daşalýan we balyk tutulýan traulerler, port enjamlary öndürilýär. Balyk senagatynyň ähmiýeti uludyr. Gara we Azow deňizlerinden tutulan balyklar kenarýaka şäherlerinde gaýtadan işlenilýär. Sebitiň himiýa senagaty hem deňiz bilen baglanyşykly ösýär. Siwaşyň duz erginli suwundan natriý, kaliý, magniý duzlary alynýar. Odessa ýurduň iri port şäheridir.

Ukrainanyň Günorta-Günbatar ykdysady sebitinde bugdaý, mekgejöwen, gök önüm, günebakar, bakja ekinleri ösdürilip ýetişdirilýär. Baglar we üzüm agaçlary uly meýdanlary eýeleýär. Günorta-Günbatar ykdysady sebiti Ukrainanyň hojalygynda ösen agrosenagat toplumy bilen tapawutlanýar. Ykdysady sebitiň oba hojalyk pudaklary gant şugundyryny, däne, gök önüm, süýt öndürmäge ýöriteleşen. Bu ykdysady sebitde ýurduň paýtagty Kiýew şäheri ýerleşýär. Kiýew Ukrainanyň dolandyryş, syýasy, ykdysady, ylmy, taryhy we medeni merkezi. Kiýew şäherinde ylym bilen baglanyşykly senagat pudaklary ýerleşýär. Kiýewiň iri maşyngurluşyk ylmy-önümçilik birleşikleri çylşyrymly önümleri işläp taýýarlaýar we öndürýär. Kiýewiň köpsanly arhitektura ýadygärlikleri UNESKO-nyň dünýä medeni mirasynyň sanawyna girizilendir – olaryň arasynda Kiýew-Peçýera Lawrasy bilen Sofiýa Ybadathanasy hem bar. Ýurduň baýry we iri ýokary okuw jaýlary Kiýew we Lwow şäherlerinde ýerleşýär.

## 38.3. Türkmen-ukrain gatnaşyklary

Ukraina dünýäniň ähli döwletleri bilen deňhukukly we özara bähbitli gatnaşyklary alyp barýar, halkara we sebit guramalarynyň işine işjeň gatnaşýar. Ukraina strategiki hyzmatdaşlygyň ähli mümkinçiliklerini ulan-

mak maksady bilen, Ýewropa, Aziýa we Amerika döwletleri bilen daşary syýasy, söwda-ykdysady we ynsanperwer gatnaşyklaryny işjeňleşdirýär. Ukraina sebit, şeýle hem dünýä geosyýasatynda wajyp orun eýeleýär, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge we giňeltmäge gyzyklanma bildirýär. Ukraina döwleti 2008-nji ýylyň maý aýyndan bäri Bütindünýä Söwda Guramasynyň doly hukukly agzasy. Ukrainanyň söwda dolanyşygynyň uly bölegi GDA ýurtlarynyň paýyna düşýär. Ony kesgitleýän möhüm faktor bolup bu döwletleriň arasyndaky öňden gelýän önümçilik gatnaşyklary we baglanyşyklary durýar. Ukrainanyň dokma senagat kärhanalary Merkezi Aziýa ýurtlarynyň pagta süýümine, ýangyç-energetika toplumy Russiýanyň nebit we gaz resurslaryna esaslanýar. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we goňşy döwletleriniň maşyn-gurluşyk senagaty, gurluşyk, azyk pudaklary bolsa öz gezeginde Ukrainanyň metal we metal önümlerine, ulag serişdelerine we enjamlaryna, himiýa senagatynyň önümlerine, gurluşyk materiallaryna esaslanýar. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Ukraina döwletiniň Ýewropa, aýratyn hem goňşy ýurtlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary ösýär. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Ukrainanyň söwda--ykdysady dolanyşygynda Ýewropa Soýuzynyň tutýan orny artýar. Ýewropa Soýuzynyň ýurtlaryndan Ukraina esasan ulag serişdeleri, tehnikalar we tehnologiýalar, ýeňil senagat önümleri eksport edilýär. Ukrainadan bolsa esasan, metal we metal önümleri, gurluşyk materiallary eksport edilýär. Ýewropa ýurtlarynyň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklarynda Ukrainanyň goňşy döwletleri bolan Polşanyň, Rumyniýanyň, Slowakiýanyň tutýan paýy uludyr.

Ukrainanyň eksportynda we importynda Ýewropa ýurtlarynyň paýy uludyr. Ukrainanyň ykdysadyýetiniň ösmegine has giň akymly daşary ýurt maýa goýumlary oňaýly täsir edýär. Maýa goýumlary esasan nebiti gaýtadan işleýän, nebit önümlerini ýerleýän, maşyn-gurluşygy, azyk senagaty pudaklaryna, ulaga, gozgalmaýan emläklere gönükdirilen. Ýurtda hereket edýän nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň ýarysyna golaýy daşary ýurtlaryň firmalaryna degişlidir. Ukrainanyň nebit önümler bazarynyň ¾ bölegi we ähli alýumin senagaty kärhanalary daşary döwletleriň telekeçilerine degişlidir. Daşary ýurt maýa goýumlary bank ulgamynda, aragatnaşyk, himiýa we beýleki senagat pudaklarynda hem görnükli orun tutýar.

Türkmenistan bilen Ukrainanyň arasyndaky öňden gelýän dostlukly we deňhukukly gatnaşyklar iki ýurduň döwlet Garaşsyzlyklaryny alanlaryndan soň has-da pugtalandy. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan we Ukraina strategik hyzmatdaşlar bolmak bilen, milli ykdysadyýetleriň ysnyşykly

we netijeli gatnaşyklaryna bolan özara gyzyklanmany beýan edýän kuwwatly şertnama-hukuk binýadyny döretdiler. Döwletara, hökümetara we pudagara derejelerinde gol çekilen halkara resminamalaryň 120-si bilelikde işlemek üçin binýat bolup hyzmat etdi. Şol resminamalara laýyklykda ykdysady hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça bilelikdäki hökümetara türkmen-ukrain topary döredildi, senagat we durmuş maksatly desgalaryň gurluşygy alnyp barylýar, bilelikdäki kärhanalar döredilýär. Daşary söwda dolanyşygynyň yzygiderli ýokarlanmagy söwda-ykdysady gatnaşyklaryň depginini açyp görkezýär. Söwda dolanyşygy 2008-nji ýylda ABŞ-nyň 470,11 million dollaryna deň boldy. Nebit önümleri, oba hojalyk harytlary, ýeňil we dokma senagatynyň önümleri, elektrik harytlary we beýlekiler biziň ýurdumyzyň Ukraina eksport edýän esasy harytlarydyr. Ukrainadan Türkmenistana öz gezeginde metal we metal önümleri, azyk harytlary, ulag serişdeleri, enjamlar, himiýa senagatynyň önümleri, gurluşyk materiallary we beýlekiler getirilýär.

Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň maglumatlary boýunça, 2009-njy ýylyň 1-nji sentýabryndaky ýagdaýa görä, Türkmenistanda ukrain maýasynyň gatnaşmagynda 24 kärhana hasaba alyndy. Ýurdumyzda umumy bahasy ABŞ-nyň 1 milliard 545 million dollaryndan gowrak bolan maýa goýum taslamalarynyň 54-si hasaba alyndy. Olar iri ukrain kompaniýalarynyň gatnaşmagynda dürli ulgamlarda, esasan, ýangyç-energetika hem-de gurluşyk pudaklarynda amala aşyryldy we aşyrylýar. Şolaryň hatarynda Amyderýanyň üstünden geçýän demirýol we awtomobil köprüsiniň, Aşgabatdaky uzynlygy 20 kilometrden gowrak bolan nagymyň gurluşygy, Hazarda täze toplumyň gurulmagy bar. Ukrainanyň M. W. Frunze adyndaky Sumskiý maşyn-gurluşyk ylmy-önümçilik birleşigi, «Ukrgazstroý», «Ukrgazpromstroý», «Interbudmontaž» ýaly iri kompaniýalary türkmen bazarynda netijeli işleýärler. Ukrainanyň «Ýugneftegaz» kompaniýasy Goturdepe ýatagyndaky guýularda özleriniň öňdebaryjy tehnologiýalaryny ornaşdyrýarlar. Bu kompaniýa nebit guýularynyň çig mal berijiligini ýokarlandyrýan suw izolýasion işlerini geçirýärler hem-de ýangyç çig malynyň çykarylyşyny durnuklaşdyrmaga, möçberini artdyrmaga gönükdirilen gazkompressor stansiýalaryny gurýarlar. Türkmenistan bilen Ukraina köp ugurly döwlet syýasatyny giňeltmek bilen, bar bolan özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürýärler we onuň täze maşyn gurluşyk, agrosenagat, sport we syýahatçylyk ugurlaryny ýola goýýarlar. Ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň möhüm bölegi hökmünde durmuş-gumanitar ulgamy bolup durýar. Türkmenistan iki ýurduň bilim we ylmy-tehniki mümkinçilikle-

rini özara ulanmaga, bular boýunça hyzmatdaşlygy has-da giňeltmäge uly orun berýär.

2015-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda Aşgabatda ýokary derejedäki türkmen – ukrain gepleşikleri geçirildi. Oňa gatnaşmak üçin Pýotr Poroşenko resmi sapar bilen Aşgabada geldi. Ýokary derejede geçirilen bu gezekki duşuşyk deňhukuklylyk we özara peýdaly esaslara daýanýan döwletara gatnaşyklaryny mundan beýläk hem işjeňleşdirmäge ýardam berer.

Bu gezekki geçirilen Aşgabat duşuşygynyň barşynda Prezidentler Gurbanguly Berdimuhamedow we Pýotr Poroşenko milli bähbitleri hem-de Türkmenistanyň we Ukrainanyň döwlet ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny nazara almak bilen, ýola goýulýan türkmen-ukrain hyzmatdaşlygynyň gyzyklanma bildirilýän häzirki ýagdaýyny we geljekki ösüşini öz içine alýan meseleleriň toplumyny ara alyp maslahatlaşdylar.

29-njy oktýabrda paýtagtymyzda şäher düzüminiň möhüm desgasynyň nobatdaky bölegi – ýerasty inženerçilik-aragatnaşyk ötüginiň ikinji tapgyry ulanmaga berildi. Onuň açylyş dabarasyna Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Aşgabat şäher häkimliginiň ýolbaşçylary, Ukrainanyň hökümet wekilleriniň we işewür toparlarynyň wekilleri, ötügiň gurluşygyny alyp barýan «Interbudmontaž» gurluşyk assosiasiýasynyň işgärleri, ýurdumyzyň jemgyýetçilik guramalarynyň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

## 38.4. Belarus Respublikasynyň ykdysadyýeti

Ýurduň resmi ady Belarus Respublikasy bolup, ol Gündogar Ýewropada ýerleşýär. Meýdany 207,6 müň inedördül kilometr bolup, ilaty 9,8 million adama barabardyr. Paýtagty Minsk şäheri, ýurduň iň iri, ykdysady, söwda, maliýe, bilim we medeniýet merkezidir. Paýtagt şäheriniň ilaty 1.7 million adamdan gowrakdyr. Belarus respublikan döwlet gurluşly bolup, döwlet baştutany prezidentdir. Kanunçykaryjylyk edarasy iki palatadan ybarat bolup, onuň aşaky ganatyna Milli ýygnak, ýokary ganatyna Respublika Geňeşi diýilýär. Administratiw territorial taýdan 6 oblasta we oblast statusly paýtagta bölünýär. Şaher ilaty umumy ilatyň 72%-ini düzýär. Tebigy artyş soňky ýyllarda düýbünden pese gaçdy. Belarus industrial-agrar ýurt bolup, JIÖ-niň adam başyna düşüşi dollarda 2335-e, SAP boýunça 6800-e barabardyr.

Ilatyň 14%-i oba hojalygynda, 34,7%-i senagatda, 51,3%-i hyzmat sferasynda zähmet çekýär. JIÖ-niň 11%-ini oba hojalyk, 36,4%-ini senagat harytlary, 52,6%-ini hyzmat sferasy tutýar.

Gazyp alyjy senagaty esasan nebit, torf, kaliý duzy we gurluşyk materiallaryna esaslanýar. Iki sany örän iri nebiti gaýtadan işleýän zawod hereket edýär. Nebitiň agramly bölegini geçiriji turbalar arkaly Russiýadan satyn alýar. Kaliý duzunyň dünýä gorlarynyň 10%-i ýerleşýär. Kaliý dökünini eksport etmek boýunça Kanada we Russiýadan soň 2-nji orny eýeleýär. Himiýa we nebit-himiýa kärhanalary mineral dökünleri, himiki süýümleri, sapaklary, sintetiki smolany, lak-boýag önümlerini, durmuş himiýa harytlaryny öndürýär. Maşyn gurluşygy senagatyň esasy pudagy hasaplanylýar.

Maşyn-gurluşygyň esasy pudaklaryna awtomobil gurluşyk (karýer, ýük awtomobilleri, awtobuslar), traktor, oba hojalyk maşyn gurluşygy, stanoklar (demir kesýän), elektrotehniki, radiotehniki, priborgurluşyk ýaly senagat harytlaryny öndürýär. Tokaý, agajy gaýtadan işleýän, sellýuloza-kagyz, ýeňil, azyk senagaty ýokary derejede ösdürilendir.

Oba hojalygy, esasan, maldarçylyga ýöriteleşendir. Et-süýt berýän iri şahly mallar, doňuzdarçylyk, guşçulyk uly ähmiýete eýedir. Öndürilýän kartofeliň adam başyna düşüşi boýunça dünýäde 1-nji orny eýeleýär. Gant şugundyry köpçülikleýin ekilýän ekinleriň biridir. Azyk we senagat önümleriniň halkara bäsleşige ukyplylygy boýunça dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýär.

Umumy tutýan meýdanynyň kiçiligi ulag ulgamynyň ýokary derejede ösdürilmegine mümkinçilik berýär. Demir ýollarynyň umumy uzynlygy 5,5 müň kilometre, awtomobil ýollarynyň uzynlygy 81,5 müň kilometre barabardyr. Belarusyň üstünden Russiýadan gelýän halkara nebit-gaz geçirijileri geçýär.

Ýurduň esasy eksportlyk harytlaryna maşynlar, enjamlar, ulag serişdeleri, mineral dökünler, himiýa, azyk, ýeňil senagatyň önümleri degişlidir. Importynyň düzümini nebit, tebigy gaz, daşkömür, gara we reňkli metallar tutýar. Daşary söwdasynda esasy hyzmatdaşy Russiýadyr. Eksportyň 47%-i, importyň 68%-i Russiýanyň paýyna düşýär. Daşary söwda gatnaşyklarynda GDA ýurtlary uly orun tutýar.

## 38.5. Türkmen-belarus gatnaşyklary

Türkmen-belarus hyzmatdaşlygy çalt depginler bilen ösdürilýär. 2011-nji ýylda ikitaraplaýyn söwda-ykdysady gatnaşyklaryň möçberi 2010-njy ýyla garanyňda 2,6 esse ýokarlanyp, 210,3 million amerikan dollaryndan

gowrak boldy. 2012-nji ýylyň birinji çärýeginde bolsa ikitaraplaýyn söwda gatnaşyklarynyň möçberi 350 million amerikan dollaryndan geçdi. Türkmenistan Belarusa ýangyç-energetika toplumynyň, dokma, ýeňil, himiýa senagatynyň önümlerini eksport edýär. Belarus Respublikasy bolsa ulag serişdelerini, oba hojalyk we ýol gurluşyk tehnikalaryny, stanoklary, lukmançylyk önümlerini, gurluşyk we azyk önümlerini ugradýar.

Häzirki wagta çenli ýurdumyzda Belarus maýasynyň gatnaşmagynda işleýän 15 sany kärhana hasaba alyndy. 13 sany kompaniýa iri maýa goýum taslamalaryna gatnaşýar. Ol taslamalaryň möçberi 1 milliard 123 million amerikan dollaryna barabardyr. Iri taslamalaryň içinde Garlyk şäherinde gurulýan kaliý dökünlerini öndürýän zawody görkezmek bolar. Zawodyň ýyllyk önümçilik kuwwaty 1–1,5 million tonna kaliý dökünine barabar bolup, onuň gurluşygy «Belgorhimprom» açyk paýdarlar jemgyýeti tarapyndan alnyp barylýar.

Ikitaraplaýyn gatnaşyklar bilim-ylym, ynsanperwer ugurlarda hem alnyp barylýar. Türkmen talyplarynyň müňlerçesi Belarusyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýar. Iki ýurduň ylmy edaralarynyň arasynda ysnyşykly gatnaşyklar ýola goýuldy. Hormatly Prezidentimiziň 2011-nji ýylyň aprel aýynyň 27–28-i aralygynda Belarusa saparynda Belarus Döwlet uniwersitetiniň «hormatly professory» diýen adyň dakylmagy bu ugurdaky işleriň barha ýaýbaňlanýandygyna şaýatlyk edýär.

Hormatly Prezidentimiz 2011-nji ýylyň aprel aýynyň 27–28-i aralygynda Belarusa saparynda iki döwletiň Baştutanlarynyň gatnaşmagynda birnäçe ylalaşyklara, şertnamalara, ähtnamalara gol çekilmegi taraplaryň arasyndaky gatnaşyklary mundan beýläk hem ösdürmäge düýpli itergi berýär. Olara: Türkmenistanyň Belarus Respublikasyndaky ilçihanasyny we Belarus Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasyny ýerleşdirmek üçin ýer böleklerini özara bermek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Belarus Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky 2011-nji ýylyň 28-nji aprelindäki Ylalaşyga Teswirnama; Geodeziýa, kartografiýa, Ýeri uzak aralykdan barlamak babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Belarus Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyga; Bilim ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Belarus Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky Ylalaşyga; Hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk instituty bilen Belarus döwlet informatika we radioelektronika uniwersitetiniň arasyndaky Şertnama; Ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk hakynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy bilen Belarussiýanyň Milli ylymlar akademiýasynyň arasyndaky Şertnama; Ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk

hakynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Seýsmologiýa instituty bilen Belarussiýanyň Milli ylymlar akademiýasynyň Geofiziki monitoring merkeziniň arasyndaky Şertnama; Senagat, ýaşaýyş jaý we durmuş maksatly gurluşyk babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Gurluşyk ministrligi bilen Belarus Respublikasynyň Binagärlik we gurluşyk ministrliginiň arasyndaky Ylalaşyga; Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen Belarus Respublikasynyň Ýustisiýa ministrliginiň arasynda Özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Oba hojalygy babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi bilen Belarus Respublikasynyň Oba hojalyk we azyk ministrliginiň arasyndaky Ylalaşyga; Hyzmatdaşlyk boýunça işewürler geňeşini döretmek hakynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy bilen Belarus Söwda-senagat edarasynyň arasyndaky Ylalaşyga; Hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy bilen Belarus Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Dolandyryş akademiýasynyň arasyndaky Ylalaşyga; Akademiki we ylmy hyzmatdaşlyk barada Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti bilen Belarus Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň arasyndaky Ylalaşyga gol çekildi. Bu ylalaşyklar dostlukly döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary has ösdürmäge mümkinçilik berýär.

## 38.6. Gazagystanyň ykdysadyýeti

Gazagystan döwlet gurluşy boýunça unitar respublikadyr. Döwlet baştutany prezident. Häzirki prezidenti Nursultan Nazarbaýew. Ol 1989-njy ýylyň 22-nji iýunyndan bäri döwlete ýolbaşçylyk edýär. Prezident 5 ýyl möhlet bilen saýlanýar. Ýerine ýetiriji häkimiýet hökümete degişli. Hökümete premýer-ministr ýolbaşçylyk edýär. Kanun çykaryjylyk parlamente degişli. Ol iki palatadan ybarat: Senat we Mejlis hemişelik esasda hereket edýär. Senatyň düzümine deputatlar girýär, olar Konstitusiýa esasynda her welaýatdan we respublika derejesindäki şäherlerden iki adam saýlanýar. (14 welaýat, 2 şäher). 15 sany senat prezident tarapyndan bellenýär. Senat milli medeniýeti we jemgyýetçiligiň beýleki tapawutly, zerur isleglerini üpjün etmek üçin bellenýär. Mejlis 107 deputatdan ybarat. Olar Konstitusiýa esasynda halk tarapyndan saýlanýar. Parlamentiň deputatlary birwagtda iki Palatanyň agzasy bolup bilýär. Senatyň doly ygtyýarly deputaty 6 ýyl, Mejlisiň doly ygtyýarly deputatynyň möhleti 5 ýyl.

Gazagystanyň düzümine 14 welaýat we respublika derejesindäki 2 şäher girýär. Gazagystanyň tutýan meýdany 2724900 kw km. bolup, dünýäde 9-njy orny eýeleýär. Ilaty 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwarynyň maglumatyna görä 16196800 adam. (2009-njy ýyl dünýäde 61-nji orun). Ýurduň pul birligi teňňe.

Gazagystan köpmilletli ýurt hasaplanylýar. Ýurtda ýaşaýan halklaryň iň köpüsini aşakdaky tablisa arkaly görkezmek bolar.

**Zähmet resurslary.** Ýurduň zähmet resurslarynyň sany ýylboýy artýar. Ol 1997-nji ýylda – 8,8 mln. adama deň boldy. Olardan iş bilen meşgullanýanlaryň sany 6,4 mln. adama barabar boldy. 1991-nji ýylda – 7,7 mln. adam, 1997-nji ýylda 6,4 mln. adam bolup, bu görkeziji 1991-nji ýyla garanyňda kemeldi. Azalma migrasiýanyň hasabyna bolup geçdi. 1999-njy ýylda işe ukyply ilatyň zähmet çekýänleri 75%-dir, işlemeýänleriň sany 25%-e deňdir. Ilatyň esasy bölegi hyzmat pudagynda zähmet çekýär, olaryň paýyna işe ukyply ilatyň 60%-i düşýär. Işleýänleriň 24%-i oba, tokaý we balyk hojalygynda, 16%-i senagatda iş bilen meşguldyr. Ýurtda ýaşaýan milletleriň arasynda özboluşly zähmet bölünişigi emele gelendir. Senagatda esasan ruslar, daýhançylykda we maldarçylykda gazaklar, günbataryň nebit senagatynda bolsa esasan azerbaýjanlar zähmet çekýärler.

Gazagystanyň jemi içerki önümi ýyl-ýyldan ösmegini dowam edýär. 2002-nji ýylda JIÖ-niň öndürilişi 120 milliard ABŞ-yň dollaryna deň bolan bolsa, 2008-nji ýylda bu görkeziji 133,726 milliard amerikan dollaryna deň boldy. JIÖ-niň düzüminde hem üýtgeşmeler bolup geçýär, ýagny onda hyzmatlaryň paýy ýyl-ýyldan ýokarlanýar. Degişlilikde bu görkeziji 2002-nji ýylda 35% bolanlygyndan 2008-nji ýylda 50%-e çenli artdy. Muňa garamazdan, oba, tokaý we balyk hojalygynyň paýy kemelýär. Eger-de 2002-nji ýylda bu görkeziji 27% bolan bolsa, 2008-nji ýylda 13%-e çenli kemeldi.

Gazagystanyň ykdysadyýetinde ýurduň tebigy resurs baýlyklaryna uly ynam bildirilýär. Hususan-da ýurtda durmuş ykdysady üýtgeşmeleri başdan geçirilýän döwründe nebit we gaz pudagy döwletiň gülläp ösmegine uly ýardam berýär.

Gazagystan, esasan, 5 sany uly ykdysady etrapdan, ýagny Demirgazyk Gazagystan, Gündogar Gazagystan, Günbatar Gazagystan, Günorta Gazagystan hem-de Merkezi Gazagystan ykdysady etraplardan ybaratdyr. Demirgazyk Gazagystan ykdysady etrapda, esasan, oba hojalyk önümlerinden däneçilik ösendir. Tebigy baýlyklardan bolsa demir magdanyny we daşkömri gazyp almaga ýöriteleşendir. Etrabyň senagaty maşyn-gurluşyk, nebit önümlerini we elektrik energiýasyny öndürmek bilen meşgullanýar. Gündogar Gazagystan ykdysady etraby reňkli metallara baýdyr, şeýle hem energetika, maşyn-

-gurluşyk we tokaý hojalygyny ösdürmek bilen meşgullanýandyr. Günbatar Gazagystan ykdysady etraby kuwwatly tebigy baýlyklary gazyp alýan etrapdyr. Onda esasan, nebit-gaz gazylyp alynýar. Bu pudak diňe bir Gazagystanda kuwwatly bolman, eýsem, GDA ýurtlaryndan hem iň kuwwatly pudaklaryň biri diýlip hasaplanylýar. Günorta Gazagystan, esasan, oba hojalyk önümlerini öndürmäge ýöriteleşendir. Onda pagta, şaly, ýüň, bugdaý, miweler, gök önümler, üzüm ösdürilip ýetişdirilýär. Tebigy baýlyklardan reňkli metallara ýöriteleşendir. Senagat önümlerinden enjam gurluşygy, ýeňil we azyk senagatynyň önümleri, şeýle hem balyk we tokaý hojalygynyň önümleri bardyr. Merkezi Gazagystan senagat önümlerinden, esasan, gara we reňkli metallary, maşyn gurluşygyň önümlerini öndürýär. Oba hojalyk önümlerinden maldarçylyga ýöriteleşendir. Etrapda senagat kärhanalary dünýä derejesinde kämilleşdirilýär. Bu etrap çigmal ýataklarynyň golaýynda, ýagny uly şäherleriň we suw resurslaryň golaýynda ýerleşendir. Gazylyp alynýan senagatyň ýokary depginlerde işlemegi netijesinde ekologiýa uly zyýan ýetirilýär. Bu ýagdaý Gündogar, Merkezi we Günorta Gazagystanyň şäherlerine hem mahsusdyr.

**Ulag.** Gazagystanyň ulag ulgamy ýeterlik ösen däldir. Esasan ýükleri we ýolagçylary gatnatmak demir ýollar arkaly amala aşyrylýar. Ýurduň esasy demir ýol ulgamy Almaata şäherinden Uralsk şäherine we Astanadan Semipalatinsk şäherine uzaýandyr. Demirgazykdaky demir ýol ulgamy Russiýanyň demir ýol ulgamyna birleşdirilendir. Bu ýol Russiýanyň Petropawlowsk şäherinden başlaýar. Demir ýoluň üsti arkaly Kokçetow–Kustanaý we Pawlodar–Astana–Tobol ugurlary özüne birleşdirilýär. 1991-nji ýylda Gazagystany Hytaý bilen birleşdirýän demir ýol ulgamy açyldy. Şeýle hem 1993-nji ýylda Türkmenistanda açylan Tejen–Sarahs–Maşat demir ýolunyň kömegi bilen Eýrana we Türkiýä çykalgasy bardyr. Muňa garamazdan, ýurduň içinde Gündogar bilen Günbatar etraplaryň arasynda ýük daşamaga ykjam ulag ulgamy ýokdur. Awtomobil ýollar bolsa demir ýol ýakalarynda ýerleşendir. Şeýle hem awtomobil ulaglary respublikanyň demir ýol ulagy bolmadyk etraplara ýolagçylary gatnadýar we ýükleri daşaýarlar. Deňiz ýollary esasan Hazar deňzinde ýola goýlandyr. Howa ýollar ulagy ösendir. Ýurduň howa ýollarynda Germaniýa, Türkiýä, Eýrana, Hytaýa we dünýäniň beýleki ýurtlaryna göni gatnawlar hereket edýär.

Gazagystan geografiki taýdan Ýewraziýa kontinentiniň merkezinde ýerleşendir. Onuň esasy ulag kuwwaty tranzit geçelgelere aýratyn orun degişlidir. Ýurduň ulag ýollary 106 müň km uzaýandyr. Olardan 13,5 müň km demir ýollaryň, 87,4 müň km awtomobil ýollaryň we 4 müň km. derýa ýollaryna degişlidir. Daşary ýurtlara gurlan demir ýol geçelgeleri, ýagny Dostluk–Alaşanköý Gazagystan bilen

Hytaýy we Sarahs–Maşat aralygynda açylan demir ýol geçelgesiniň açylmagy Türkmenistan bilen Eýranyň arasynda açylan demir ýoluň kömegi bilen Gazagystan hem gadymy Ýüpek ýoluny dikeltdi. Ýuwaş ummanyndan, ýagny Hytaýyň Lýanýungan, Sinzao, Týanszin–Gazagystan, Gyrgyz, Eýran, Özbek, Türkmen, Türkiýeden Orta ýer deňzine we Pars aýlagyna çykalga açyldy. Häzirki wagt bu ýollar arkaly ýükler doly güýjünde daşalýar. Bar bolan awtoýollar Russiýa we GDA ýurtlaryna, şeýle hem Hytaýa, Eýrana çykmak bilen, Orta we Gara deňzine we Hindi ummanyna çykalgasy bardyr. Deňiz gämileri Hazar deňzinden Russiýanyň üsti bilen Gara deňzine we beýleki ýerlere çykalgasy bardyr. Gazagystanyň milli howa ýollar kompaniýasy «Eýr Gazagystan» 40-dan gowrak ýurtlara gatnaw ýola goýlandyr. Olar esasan GDA we beýleki ýurtlardyr. Daşary ýurtlardan Gazagystana dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalary gatnawlaryny ýola goýandyrlar. Häzirki wagt Gazagystanyň üstünden Demirgazyk-Günorta tranzit demir ýolunyň gurluşygy dowam etdirilýär.

**Oba hojalygy.** Gazagystan öňki SSSR döwletiniň esasy et, ýüň we bugdaý öndüriji ýurtlarynyň biridi. Ýöne, 1990-njy ýylda oba hojalyk önümleriň öndürilişi pese gaçdy. 1991–1997-nji ýyllarda ekin meýdanlaryň mukdary kemelip, ol 13,2 mln. ga deň boldy (38%). 1997-nji ýylda 12,4 mln tonna bugdaý öndürildi. Ol 1991-nji ýyl bilen deňeşdirilende 3% ýokarydyr. Şol döwür gant şugundyrynyň öndürlişi 82%-e, ýag öndürilişi 50%-e, kartoşkanyň öndürilişi 31%-e we gök önümleriň öndürlişi 8%-e çenli pese gaçdy. Şol döwür etiň öndürilişi hem 53%-e, süýdüň öndürilişi 40%-e, ýumurtganyň öndürilişi 70%-e çenli peseldi. Şeýlelikde, oba hojalyk önümleriniň eksport mümkinçiligi iki esse pese gaçdy. Oba hojalyk önümleriniň öndürilişiniň pese gaçmasynyň esasy sebäpleri şulardan ybarat, ýagny ýer eýesiniň tapylmazlygy, oba ýaşaýjylarynyň göçüp gitmegi. Hususan-da beýleki milletleriň öz ýurtlaryna göçüp gitmegi we ş.m. sebäp boldy. Şeýle hem köp harytlaryň bäsleşige ukypsyzlygy we köp harytlaryň dünýä standartlaryna laýyk gelmeýänligidir.

Oba hojalygy ýurduň ykdysadyýetiniň wajyp bölegi bolmagynda galýar. Demirgazyk Gazagystanda bugdaý, arpa we beýleki däneli ösümlikleri ýetişdirmäge amatly şertleri bardyr. Şeýle hem gök we bakja, tehniki ösümlikleri, ýagny ýag, temmäki we ş.m. ýetişdirilýär. Ýurduň günbatar bölegi daglyk, derýalyk, şeýle hem ýylylygyň ýeterlikli ýeridir. Onda köp mukdarda pagta, gant şugundyry, sary temmäki, şaly we üzüm ösdürilip ýetişdirilýär. Gazagystan bugdaý almakda GDA ýurtlarynyň arasynda 3-nji orny eýeleýän döwletdir (Russiýa, Ukraina). Gazagystanyň tebigy şertleriniň tapawutly, kuwwatly maldarçylygyň dürli görnüşlerini ösdürmäge mümkinçiligi bar. Ýurtda däp bolşy ýaly, dowardarçylyk, atçylyk, düýe-

darçylyk, iri şahly mallar köpeldilýär. Gazagystanyň merkezi we günorta-günbatar bölegi çöllük we ýarym çöllük ýerleri maldarçylyk üçin möwsümleýin öri meýdanlar hökmünde giňden peýdalanylýar. Esasan ýurduň gündogar we günorta-gündogar böleginiň daglyk we baýyrlyk ýerler tomusky öri meýdany üçin giňden peýdalanylýar.

**Tebigy baýlyklary.** Gazagystanda 1989-njy ýylda 23,8 mln. demir magdany gazylyp alyndy, şeýle hem 151,9 müň tonna marganes, 6,8 mln. t. polat we çoýun öndürildi. 1997-nji ýylda bolsa gara metallaryň öndürilişi 45% peseldi, reňkli metallaryň öndürilişi 16% peseldi. Ýurtda hromuň, gurşunyň, sinkiň, uranyň, boksitleriň, fosforyň we misiň ägirt köp gorlary bardyr. Ýöne bu baýlyklaryň hemmesi köp maýa goýumlara mätäçlik çekýär. Gazagystanda dünýäniň iri daşary ýurt maýa goýýan kompaniýalary bardyr. Olardan «Şewran», «Elf-Akiten», «Adžip» daşary ýurt maýadarlaryny görkezmek bolar. 1998-nji ýylyň ortalaryna Gazagystanda 81 ýurtdan 1388 hereket edýän kärhanalar hasaba alyndy. Gazagystanda 1989-njy ýylda senagat önüminiň 75%-i agyr senagatyň paýyna düşýärdi we bary-ýogy 25%-i bolsa halkyň sarp edýän harytlarynyň paýyna düşýärdi. 1997-nji ýylda halkyň sarp edýän harytlarynyň paýy 17%-e çenli peseldi, sebäbi gazak senagaty hytaý, türk we beýleki daşary ýurt öndürijileri bilen bäsleşige ukypsyz boldy. Gazagystanyň ýerlerinde 90-dan gowrak görnüşli mineral baýlyklar bardyr.

Ýurtda D. I. Mendeleýewiň himiki elementler tablisasyndan tapylmadygy ýokdur. Gazagystanda tebigy gazyň gorlary 2,7 mlrd. tonna, ol dünýä gorunyň 1,5%-ini düzýär (2008-nji ýyl dünýäde 12-nji orun). Nebitiň gory 6,5 mlrd. tonna hasaplanýar. Çaklama gorlary Hazar deňziniň ýakasynda 17 mlrd. tonna. Ýurtda hereket edýän nebit kompaniýalar şulardan ybaratdyr: Kazmunaýgaz MK, Tengizşewroýl, CNPC-Aktýubemunaýgaz, Karaçaganak Petrolium Opereýting we başgalar.

**Agrar industriýasy.** Gazagystan esasy söwda gatnaşyklaryny GDA ýurtlary bilen, şeýle hem Baltika ýurtlary bilen saklaýar. GDA ýurtlarynyň paýyna 59% eksport we 63% import düşýändir. Esasy söwda hyzmatdaşy Russiýa bolmagynda galýar. Şeýle hem dünýäniň beýleki ykdysady taýdan ösen döwletleri bilen hem söwda gatnaşyklaryny ösdürýär, olardan esasan Germaniýa, Türkiýe, Şweýsariýa, Çehiýa, Italiýa, Hytaý, ABŞ, Britaniýa, Günorta Koreýa we ş.m. Gazagystanyň esasy eksport harytlary gazyp alýan senagatyň önümleri, beýleki çig mallar, ýangyç, metallurgiýa we himiýa senagatynyň önümleridir.

Gazagystanyň esasy eksport harytlarynyň düzümi:

– Nebit we gaz önümleri – 35%
– Reňkli metallar – 17%
– Gara metallar – 16%
– Magdanlar – 12%
– Bugdaý – 9%
– Başgalar – 11%

Daşary ýurtlardan, esasan, maşyn we enjamlar, ulag serişdeleri, priborlar we awtomatlar, himiýa önümleri, mineral ýangyçlar, azyk harytlary, taýýar önümleriň käbir görnüşleri we halkyň sarp edýän harytlary satyn alynýar.

**Maşyn-gurluşyk toplumy.** Maşyn-gurluşyk toplumynyň önümleri ýurduň umumy senagat önüminiň 8% töweregini tutýar. Respublikanyň maşyn-gurluşyk kärhanalary preslenen demir enjamlaryny (Şymkent şäheri), demir kesiji stanoklar (Almaaty şäheri), akkumulýatorlar (Taldy-korgan şäheri), rentgen enjamlary (Aktobe şäheri ) we ş.m. öndürýär. Häzirki wagt ýurtda maşyn-gurluşygynyň täze önümçiligini ýola goýmak maksady bilen, daşary ýurt maýa goýumlary çekýärler. Şeýle hem medisina, lukmançylyk enjamlaryny, oba hojalyk tehnikasyny, dizel motorlaryny, azyk senagatynyň enjamlaryny, elektromotorlary we beýleki önümçilik tehniki maksatly önümlerini öndürmek üçin daşary ýurt maýa goýumlaryny çekýärler.

**Gara metallurgiýa.** Gazagystan demir magdanlaryna baý döwletleriň biridir. Onda demir magdanlarynyň ägirt köp gorlary bardyr we onuň bu magdany (baýlygy) özüniň ýokary hililigi bilen tapawutlanýar. Gazagystan demir magdanlarynyň gory boýunça dünýäde 8-nji döwletdir. Bu görkeziji boýunça onuň dünýä gorundaky paýy 6%-e deňdir (demir magdanynyň gory 8,7 milliard tonna hasaplanýar). Demir magdanynyň 73,3%-i aňsatlyk bilen gazylyp alynýar. Ýurtda gazylyp alynýan demir magdanynyň 70%-den gowragy daşary ýurtlara satylýar. 1999-njy ýylda gara metallurgiýa senagatynyň (ýagny demir magdanynyň, hromyň we marganes magdanynyň) ýurduň umumy eksportyndaky paýy 4% töweregi boldy. Gazagystanyň gara metallurgiýasy senagat önüminiň respublikan möçberindäki paýy 12,5%-den gowrakdyr. Karagandanyň «Ispat–Karmet» metallurgiýa kärhanasy ýurduň senagat kärhanalarynyň öňbaşçysydyr. Kärhanada doly metallurgiýa toplumy we gara metallaryň dürli görnüşindäki böleklerini (ýukaldylan, ak demir, turba we ş. m. dürli görnüşli demir bölekleri taýýarlanýar) öndürmäge ýöriteleşendir. Bu kärhananyň demir önümleri GDA we dünýäniň beýleki ösen döwletlerine satylýar. Gazagystanda hrom magdanynyň iri gorlary ýerleşendir we munuň esasynda respublikanyň ferrosplaw zawody hereket edýändir.

**Reňkli metallar.** Reňkli metallurgiýa ýurduň senagat önümindäki udel agramy 12%-den hem ýokarydyr. Çykarylýan magdanlardan mis, gurşun, sink, titan, magniý we ýer ýüzünde gyt metallar, şeýle hem misiň esasynda prokat we ş.m. öndürilýär. Gazagystan dünýäde rafinirlenen misi öndürmekde we satmakda iň iri ýurtlaryň hataryna girýär. Onuň paýyna dünýäde öndürilýän misiň 2,3%-i düşýär. Ýurtda hemme öndürilýän mis we mis önümleri daşary ýurtlara satylýar. Gazak misini esasy satyn alyjy ýurtlar Italiýa, Germaniýa we beýlekiler. Gazagystan

GDA ýurtlarynyň içinde altyn gazyp almakda hem öňdebaryjy döwlet hasaplanýar. Onuň önümçiligi ýyl-ýyldan artdyrylýar. Döwletiň içinde 170 sany altyn ýatakly ýerler hasaba alnandyr. Gazagystanda gazylyp alynýan gara we reňkli metallar Ýaponiýa, Günorta Koreýa, ABŞ-a, Kanada, Russiýa, Hytaýa we ÝB-i ýurtlaryna eksport edilýär.

**Himiýa senagaty.** Himiýa, nebiti gaýtadan işleýän we nebit-himiýa senagaty bardyr. Ýurduň himiýa we nebit-himiýa senagatynyň kärhanalary plastmassa, himiki süýüm we sapaklar, awtomobil we howa maşynlarynyň tigirlerini, köp görnüşli tehniki rezin önümlerini, hrom goşundysyny, kalsiý karbidini, kaustik ýuwujy serişdesini we ş.m. köp görnüşlerini öndürýär. Ýurtda 3 sany nebiti gaýtadan işleýän zawod hereket edýär. Olar awtobenzin, dizel ýangyjyny, awiakerosinini, peç ýangyjyny we beýleki nebit önümlerini öndürýärler. Fosforit magdanyny gaýtadan işleýän kuwwatly toplum hem hereket edýär. Bu pudagyň geljegi günbatar Gazagystanda toplumlaýyn nebitiň gaýtadan işlenilmegine we fosforit ýataklarynyň esasynda önümleriň täze görnüşleriniň ýola goýulmagyna baglydyr.

**Gurluşyk materiallar senagaty.** Gurluşyk materiallar senagatynyň respublikanyň senagat önümindäki paýy 4%-den gowrakdyr. Pudagyň kärhanalarynda sement, asbest turbalar, linoleum, keramika, paneller we jaý gurluşygynyň demir-beton önümleri, kagyz senagaty üçin kaolin, ýyladyjy we sowadyjy enjamlar we beýleki konstruksiýalar öndürilýär. Ýurtda gurluşyk materiallaryny öndürmek üçin ýeterlik çig mal gorlary bardyr. Şeýle hem bularyň önümçiliginde senagat galyndylary giňden peýdalanylýar, ýagny himiýa önümleri we metallurgiýanyň galyndylary, ýylylyk elektrik stansiýanyň zaýa we beýleki ikinji gezek gaýtadan işlenýän resurslary peýdalanylýandyr.

**Elektrik energiýa.** Gazagystanda 1990-njy ýylda 87,4 mlrd. kWt sagat elektrik energiýasy öndürildi, onuň 85%-i ýurduň öz içinde ulanyldy we 15%-i Russiýanyň sebitine (Ural, Merkez) satyldy. 1997-nji ýylda elektrik energiýanyň öndürilişi 43% peseldi. Elektrik energiýanyň esasy bölegi 37 sany ýylylyk elektrik satansiýalarda öndürilýändir. Olar esasan Ekibastuz, Maýkubin, Turgaý we Kaganda basseýnlerini işleýärler. Şeýle hem kuwwatly 3 sany gidro elektrik stansiýalar bardyr (Buhtarmin, Ust-Kamenogor we Kapçagaý). Bu stansiýalar ýurduň hajatlarynyň 10%-ni üpjün edýändir. Ýurtda Atom elektrik stansiýalar hem giňden peýdalanylýar Aktau AES, ol 1972-nji ýylda gurlup, ulanmaga berildi, onuň reaktory çalt neýtronda BN-350-de we natrili sowadyjyda işledilýär. Elektrik energiýany öndürmek wajyp pudak hem bolsa, ýöne uglewodorod çig mallaryny gazyp almaga aýratyn üns berilýär. Hususan-da nebit pudagyna, 1997-nji ýylda 25,8 mln. tonna nebit we gaz kondensanty gazylyp alyndy. Bu pudak senagaty

doly işledilmegine ýeterlik önüm öndürmeýär, şonuň üçin Russiýadan 12 mln. tonna nebit we 1,8 mlrd. kub metr tebigy gazy import etmäge mejbur boldular. Soňky ýyllar Hazar kenarýaka eteklerinde nebitiň kuwwatly ýataklary açyldy (Tengiz). Şeýle hem Müňgyşlak düzlüginde nebitiň baý ýataklary tapyldy. Bu ýerlerdäki nebiti gazyp almaga we eksport etmäge halkara KONSORSIUM döredildi. Olardan esasysy Hazar turba geçiriji konsorsiymydyr. 1996-njy ýylyň dekabrynda bu turba geçirijä Gazagystan, Russiýa, ABŞ, Italiýa we Britaniýanyň kompaniýalary gatnaşdylar. Hytaý bilen Gazagystan hökümetiniň arasynda baglaşylan ylalaşyk esasynda Gazagystan–Hytaý täze nebit geçiriji turbanyň gurluşygyna badalga beriler. Kanadanyň «Harrikeýn» kompaniýasy nebit we gaz ýataklaryny senagatlaşdyrmak üçin 400 mln. amerikan dollaryny maýa goýmaga meýilleşdirýär. Bu taslamalar geljekde Gazagystanyň kuwwatly uglewodorod çig malyny eksport ediji bazara öwrülmegine ýardam berer. Gazagystan urana hem baý döwletdir. Onuň uran ýataklarynda 1,69 mln. tonna gory bardyr, ol dünýä gorunyň 21%-ni tutýar. Uran bilen meşgul bolýan «Kazatomprom» kompaniýasy 1997-nji ýylda döredildi. 2005-nji ýylda bu kompaniýa dünýäde uran gazyp almakda 3-nji orny eýeledi (1-nji orny Kanadanyň «Cameco» we 2-nji orny Fransiýanyň «Cogema» kompaniýalaryndan soň).

**Daşary söwda.** Sowet ulgamy Gazagystany we beýleki Orta Aziýa ýurtlaryny çig mal satyjy we taýýar önüm alyjy ýurtlara öwürdi. Bu ýagdaý entek ep-esli wagt dowam eder. Gazagystan esasy daşary ýurtlara eksport edilýän harytlary – nebit, tebigy gaz, daşkömür we demir magdanyny (38%-i eksport edilýär), metallurgiýa önümlerini (33% eksport edilýär), oba hojalyk önümlerini (13% eksport edilýär) we himiýa senagatynyň önümlerini (7% eksport edilýär) öndürýär. Şeýle hem daşary ýurtlara nebit önümleri, ulag serişdeleri, gazet kagyzlary, halkyň sarp edýän harytlary, maşynlar we enjamlar çykarylýar. 1990-njy ýyllarda Gazagystanyň ýeke-täk söwda şägirdi, Russiýa bardy, ýöne onýyllyklaryň içinde onuň gazak eksportyndan paýy 34%-e çenli azaldy, import 46%-e çenli azaldy. Emma Aziýa ýurtlarynyň we günbatar ýurtlaryň paýy birden artdy. Gazagystanyň daşary söwda dolanyşygy 1,2 mlrd. – 2,1 mlrd. dollar onuň dolanyşygydyr. Onuň umumy daşary söwda dolanyşygy 10–11 mlrd. amerikan dollaryna deňdir. 1998-nji ýylda Gazagystanyň daşary ýurt bergileri 3,6 mlrd dollara deňdir.

Daşary ýurt maýadarlary Gazagystana uly gyzyklanma bildirýärler. Maýadarlary Gazagystanyň bazarynda onuň tebigy baýlyklary, bazaryň göwrümi. Gazagystanyň strategiki ýerleşişi maýadarlary özüne çekýär. Şeýle hem onuň ýeterlikli kanuny bazasynyň we durnukly syýasy ýagdaýa gyzyklanma döredýär. 1991-nji ýyldan başlap,

Gazagystanyň ykdysadyýetine 13 mlrd. ABŞ dollary göni daşary ýurt maýalary gönükdirildi. Gazagystanyň daşary ýurt maýa goýumlaryna bolan islegi entek doly kanagatlandyrmaýar, ýene-de öňküler ýaly, maýa gönükdirilmesini isleýär. Häzirki wagt daşary ýurt maýadarlary üçin ileri tutulýan ugurlar: ýangyç-energetika toplumy, agrosenagat toplumy, infrastruktura, ulag, telekommunikasiýa, durmuş-infrastruktura hasaplanýar. Daşary ýurt maýadarlaryny has gyzyklandyrýan maliýe lizingi iri kärhanalaryň aksiýalarynyň daşary ýurt kompaniýalaryna satylmagy we wençur önümçiliginiň ýola goýulmagydyr (döwlet kepili ýa-da döwletiň işewür gatnaşmagynda).

Gazagystana her ýyl 2,5 mln. syýahatçy gelýär. Onuň esasy dynç alyş merkezleri daglyk ýerlerde ýerleşendir. Ýurduň esasy syýahatçylyk merkezleri Džungor, Alataý, Zailiý Alataý şypahanalary hasaplanýar.

## 38.7. Türkmen–gazak gatnaşyklary

Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň halklarynyň taryhy-medeni umumylygy, söwda we gumanitar ulgamlaryndaky köp asyrlyk hyzmatdaşlygyň däpleri, şeýle-de parahatçylyk, ylalaşyk we sosial ösüş üçin edilýän tagallalar iki ýurduň arasynda däp bolan dostlukly gatnaşyklaryň we hoşniýetli goňşuçylygyň esasy bolup durýar.

Gazagystan – baý taryhly we medeni geçmişli döwlet. Ýewraziýanyň merkezinde ornaşyp, Gazagystan gadymy siwilizasiýalaryň çatrygynda, Ýewropanyň we Aziýanyň ulag-aragatnaşyk, sosial-ykdysady we medeni gatnaşyklarynyň kesişýän ýerinde ýerleşýär. Munuň özi bolsa, döwletiň oýlanyşykly hem deňagramlylygy saklaýan köp ugurly daşary syýasatyny amala aşyrmagyň esasy bolup hyzmat edýär.

Gazagystanyň köp pudakly ykdysadyýeti, ösen önümçiligi we oba hojalygy bar. Ýangyç-energetika toplumy Gazagystanyň ykdysadyýetinde möhüm orny eýeleýär. Magdan çykarýan we himiýa senagaty, maşyn-gurluşyk, ýeňil we azyk senagaty oňat depginler bilen ösýär. Aziýa, Ýewropa, Amerika we Afrika ýurtlary Gazagystanyň dünýä arenasyndaky esasy geosyýasy hyzmatdaşlarydyr. Gazagystanyň daşary syýasy strategiýasynda Merkezi Aziýa sebitiniň döwletleri bilen hoşniýetli goňşuçylyk we özara bähbitli gatnaşyklary amala aşyrmak ileri tutulýan ugur hasaplanýar.

Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasy 1992-nji ýylyň 5-nji

oktýabrynda diplomatiki gatnaşyklary ýola goýdular. Döwletara, hökümetara we pudagara derejelerinde baglaşylan 60-dan hem gowrak halkara resminamalar türkmen-gazak hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň giň gerimini öz içine alýan berk şertnama--hukuk binýadynyň esasy hökmünde hyzmat edýär.

Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasy özara gatnaşyklaryň okgunly ösmegi üçin ähli derejeler boýunça yzygiderli syýasy dialoga, şeýle hem söwda-ykdysady we medeni-gumanitar gatnaşyklaryny giňeltmäge ikitaraplaýyn ygrarlylyk bildirýärler. Şu nukdaýnazardan, döwletara gatnaşyklarynyň sebit we dünýä syýasatynyň köp meseleleri boýunça iki doganlyk ýurtlaryň Liderleriniň arasynda bar bolan özara düşünişmek ýagdaýy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň öňe gitmegine wajyp faktor bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Bedimuhamedowyň 2007-nji ýylyň maýynda Gazagystana bolan döwlet sapary türkmen-gazak gatnaşyklarynyň oňyn dinamikasynda möhüm döwür bolup, iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykardy. Konstruktiw we işjeň ýagdaýda geçen gepleşikleriň netijeleri taraplaryň mundan beýläk hem dostluk we hoşmeýilli goňşuçylyk däplerine eýerip, deňhukukly we özara bähbitli gatnaşyklaryny gurmaga ygrarlydygyny we taýýarlygyny äşgär etdi. Iki döwletiň Liderleri ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ýagdaýy we geljegi barada pikir alyşdylar, global ösüşiň özara gyzyklanma bildirilýän meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Bu sapar halkara arenasynda döwletleriň özara hereketleriniň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitläp, Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň giňeldilmegine we pugtalandyrylmagyna güýçli itergi berdi.

Türkmenistan we Gazagystan Respublikasy Birleşen Milletler Guramasynyň işinde netijeli gatnaşýarlar. Soňky döwürde biziň döwletimiz zeminde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge we gorap saklamaga gönükdirilen halkara başlangyçlaryň bir topary bilen çykyş etdi. Türkmenistan üçin onuň syýasy başlangyçlarynyň sebit boýunça iň ýakyn goňşulary tarapdan uly goldawa eýe bolmagy wajyp ähmiýete eýedir. Gazagystan Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan öňe sürlen BMG-niň Baş Assambleýasynyň ähli agza döwletleri tarapyndan geçen ýylyň dekabrynda biragyzdan kabul edilen energetika serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi baradaky meseleler boýunça Rezolýusiýasyna awtordaşlyk etdi.

Türkmenistanyň we Gazagystan Respublikasynyň döwlet syýasatynyň gün tertibinde duran energiýa howpsuzlygy baradaky meseleleriň ileri tutulýandygyny nazara alyp, taraplaryň

şu ugurda hyzmatdaşlygyň uly tejribesiniň bardygyny aýtmaly. Mälim bolşy ýaly, 2007-nji ýylyň maýynda Türkmenbaşyda Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Russiýanyň Prezidentleriniň arasynda üçtaraplaýyn duşuşyk geçirildi. Onuň dowamynda döwlet Liderleri ýurtlaryň energetika syýasatyna degişli meseleleriň köpüsi, şol sanda, Hazarýaka gaz geçirijisini gurmak, Orta Aziýa–Merkez gaz geçirijiler ulgamyny giňeltmek we umuman, ykdysadyýetde özara bähbitli we deňhukukly hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak boýunça özara düşünişme prinsipleri esasynda pikir alyşdylar.

Döwletara gatnaşyklarynyň ähli derejelerinde Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasynda bar bolan yzygider syýasy dialog söwda-ykdysady ulgamynda hem işjeňleşen hyzmatdaşlygyň esasyny düzýär. Döwletleriň ikitaraplaýyn gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlaryny kadalaşdyrmakda netijeli mehanizm hökmünde ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-gazak Hökümetara toparynyň çäklerindäki bilelikdäki işleri görkezmek bolar. 2009-njy ýylyň aprelinde Gazagystanyň paýtagty Astanada onuň üçünji mejlisi bolup geçdi. Hökümetara toparyň nobatdaky dördünji mejlisi 2010-njy ýylda Aşgabatda geçirildi.

Daşary söwda dolanyşygy Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky ösýän ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm görkezijisi hökmünde çykyş edýär. Döwletara gatnaşyklaryň çuňlaşdyrylmagy we giňeldilmegi nukdaýnazaryndan Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasynda bar bolan ikitaraplaýyn söwda-ykdysady potensialy amala aşyrmakda oňat mümkinçilikleriniň bardygyny bellemek zerur.

Taraplaryň medeni-gumanitar ulgamyndaky gatnaşyklary türkmen-gazak hyzmatdaşlygynyň möhüm bölegi hökmünde hyzmat edýär. Türkmenistanyň we Gazagystanyň halklaryny öz gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan taryhy kökler birleşdirýär we olar şu gün hem döwletleriň arasynda netijeli gatnaşyklaryň wajyp esaslary bolup durýar. Ýurtlaryň Liderleriniň başlangyçlary bilen 2008-nji ýylyň aprel-maý aýlarynda Türkmenistanyň Gazagystandaky medeniýet günleri, 2009-njy ýylyň iýunynda bolsa, Gazagystan Respublikasynyň Türkmenistanda geçirilen medeniýet günleri doganlyk ýurtlaryň medeni durmuşynda iň iri wakalara öwrüldi. Iki döwletiň arasyndaky bu çäreler yzygiderli häsiýete eýedir hem-de dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk we birek-birege hormat goýmak ýörelgesinden ugur alýan türkmen-gazak hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegine uly goşant goşýar.

## 38.8. Özbegistan Respublikasynyň ykdysadyýeti

Özbegistan Orta Aziýanyň merkezinde ýerleşýän döwlet bolmak bilen, Gyrgyzystan, Gazagystan, Türkmenistan, Täjigistan we Owganystan bilen araçäkleşýär. Umumy serhediniň uzynlygy 6621 km-e barabardyr.

### Administratiw teretoriýal bölünişigi

1. Andijan welaýaty
2. Buhara welaýaty
3. Jizzak welaýaty
4. Kaşgaderýa welaýaty
5. Nowaýy welaýaty
6. Namangan welaýaty
7. Samarkant welaýaty
8. Surhanderýa welaýaty
9. Syrderýa welaýaty
10. Daşkent welaýaty
11. Fergana welaýaty
12. Horezm welaýaty
13. Garagalpagystan Respublikasy

Özbegistanyň ilaty Döwlet statistika komitetiniň 2010-njy ýylyň 1-nji çärýegindäki maglumatlaryna laýyklykda 28 095 900 adama barabar bolup, ilatyň 37%-i şäherlerde, 63%-i bolsa obalarda ýaşaýar. Özbegistan ilatynyň sany boýunça GDA ýurtlarynyň arasynda Russiýa federasiýasyndan we Ukrainadan soň 3-nji orny eýeleýär. Emma beýleki döwletlere garanyňda ilatynyň artyşy ýokary derejededir. Ýurt boýunça 120 sany şäher we 115 sany şäherçeler bardyr.

| | |
|---|---|
| Garaşsyzlyk güni | 1991-nji ýylyň 31-nji awgusty |
| Döwlet dili | Özbek dili |
| Paýtagty | Daşkent |
| Esasy şäherleri | Daşkent, Fergana, Samarkant, Andijan, Buhara, Nukus |
| Döwlet dolandyrylyşy | Prezident respublikasy |
| Meýdany | Dünýäde 55-nji orunda |
| – umumy | 447 400 km² |
| –% suw üsti | 4,9 |
| Ilaty<br>– jemi (2010) | 28,095,900 adam, dünýäde 42-nji orunda |
| – ilatyň gürlügi | 62 adam/km² |

Çeşmesi: мир на рубеже тысячелетий. Москва, 2006 г.

Özbegistanyň jemi içerki önüminiň 38%-i oba-hojalygynyň, 26%-i senagatyň we 36%-i hyzmatlar sferasynyň paýyna düşýär. Zähmete ukyply ilatyň 44%-i oba hojalygynda, 20%-i senagatda we 36%-i hyzmatlar sferasynda işleýär. Görkezijilerden görnüşi ýaly Özbegistanyň ykdysadyýetinde esasy orun oba-hojalygyna degişlidir. Häzirki wagtda Özbegistan pagta eksport etmek göwrümi boýunça dünýäde üçünji orunda durýar.

**Oba hojalygy.** Ähli ekin meýdanlarynyň ýarysyna golaýyny pagta we beýleki tehniki ekinler (temmäki, jut, kenep, gant we ýag berýän ösümlikler) tutýar. Däneli (bugdaý, mekgejöwen, şaly), ot-iýmit, bakja (aýratyn hem gawun) ekinleri, miweli baglar we üzüm ösdürilýär. Maldarçylygynyň esasy ugry dowardarçylykdyr (garaköli goýundarçylyk agdyklyk edýär). Iri şahly mallar, atlar, düýeler ösdürilýär. Ýüpekçilik gadymy pudaklaryň biri bolmak bilen, Özbegistan dünýäniň iň iri ýüpek öndürijileriniň dörtlügine girýär.

**Senagaty.** Özbegistanyň energetiki resurslaryndan birinji orunda tebigy gaz, ikinji nebit, üçünji orunda kömür durýar. Tebigy gazyň anyklanylan gory 2 trln. m³-e we Alan – 0,2 trln. m³-e deňdir. Ýurtda goňur kömrüň 1,9 milliard tonna (Angeren ýatagy) uranyň – 230 müň tonna (iň irisi Üçkuduk ýatagy) ätiýaçlyklary bardyr. Çirçik, Ahangyran, Surhanderýa we başga-da birnäçe kiçijik derýalarda suw elektrik stansiýalaryny gurmak mümkinçiligi bardyr. Elektroenergiýanyň ýyllyk öndürilişi ortaça 47,2 milliard kWt sagatdyr. Elektroenergiýa, esasan, ýylylyk elektrostansiýalaryň kömegi bilen öndürilýär. Özbegistanda reňkli metallardan sink, mis, wolfram, metal däl baýlyklardan, meýdan şpaty, kwars, izwestnýak, birýuza gazylyp alynýar. Altyn gazyp almakda ýurt dünýäde öňdäki orunlarda durýar.

Metallurgiýa, himiýa, azyk, ýeňil maşyn gurluşygy (awtomobil gurluşygy, elektronika, elektrotehnika, radioelektronika, pribor gurluşygy, awiasiýa, himiýa we nebit enjamlaryny öndürmek) we gurluşyk metallaryny öndürmek ýurduň senagatynyň iň möhüm pudaklarydyr.

Özbegistanyň ykdysadyýetinde syýahatçylyk möhüm orny eýeleýär. Amatly tebigy şertleriniň bolmagy ýurtda dynç alýanlara dag, suw, atly, pyýada we syýahatçylygyň beýleki görnüşlerini ösdürmäge mümkinçilik berýär.

**Ulag ulgamy.** Özbegistanda demir ýollaryň uzynlygy 4000 killometre ýakyn, awtomobil ýollary – 91,6 müň kilometr. Amyderýada gämi gatnawy amala aşyrylýar. Ýurt boýunça esasy uly şäherleriniň hemmesinde özbaşdak howa menzilleri hem bardyr.

Özbegistanyň esasy eksport harytlary: pagta, altyn, tebigy gaz, mineral dökünleri, metal, dokma we azyk

senagatynyň önümleri, awtomobilleri, ýüpek, ýüň, garaköli bagana, bakja, miweler, üzüm we beýlekiler. Import: senagat enjamlary we tehnika, azyk önümleri, metal, kaliý döküni. Esasy daşary söwda boýunça hyzmatdaş ýurtlary: Russiýa Federasiýasy – 21%, Hytaý – 97%, Şweýsariýa – 7,9%, Ukraina – 7,2%, Gazagystan – 6,2% we Koreýa Respublikasy – 5,8%.

**Ykdysadyýetiniň artykmaç taraplary.** Altynyň ätiýaçlyklarynyň bolmagy, pagtaçylygyň ösen derejä ýetmegi, däne önümleriniň öndürilişiniň yzygiderli artdyrylmagy (2009-njy ýylda däneçilikde rekord derejä ýetilip, 6,6 million tonna däne hasyly alyndy), nebit we gaz gorlaryndan ončakly uly möçberlerde peýdalanmazlygy, tebigy gazyň köp böleginiň içerki elektroenergiýa öndürmäge sarp edilmegi, elektroenjamlaryň öndürilişindäki tejribäniň yzygiderli artdyrylmagy, Merkezi Aziýada ýeke-täk awiagurluşyk zawodynyň bolmagy we «GM Özbegistan» uly göwrümli maşyn-gurluşyk zawodynyň bolmagy (bu zawodda Daewoo we Chevrolet kysymly awto ulaglar öndürilýär).

**Ykdysadyýetiniň gowşak taraplary.** Dänelik önümleriniň importa garaşly bolmagy, içerki däneçilik önümçiligi diňe içki islegiň 25%-ni üpjün edýär. Ykdysadyýetde özgertmeleriň ýeterlik derejede bolmazlygy. Milli pul birliginiň konwertirlenmeginde kynçylyklaryň bolmagy, ýagny 2009-njy ýylyň 22-nji dekabryndaky maglumatlara laýyklyk 1000 som = 0,44 ABŞ dollar.

Özbegistan «ak altyny» eksport etmekde dünýäde 3-nji orny, öndürmekde bolsa 6-njy orny eýeleýär. Şeýle hem şu aşakdaky maglumatlara laýyklykda ösüş gazanyldy, ýagny 2009-njy ýylda:

– Senagat önümleriniň öndürilişinde 9,0% ösüş gazanyldy.
– Oba hojalyk önümleriniň öndürilişinde 5,7% ösüş gazanyldy.
– Gurluşyk işleriniň göwrümi 33,1% ýokarlandy.
– Tölegli hyzmatlaryň göwrümi 12,9% ýokarlandy.
– Söwda dolanyşygy 16,6% ýokarlandy.
– Ykdysady taýdan işjeň ilatynyň 44%-i oba hojalygynda zähmet çekýär.
– Ykdysady taýdan işjeň ilatynyň 20%-i senagat pudagynda zähmet çekýär.
– Ykdysady taýdan işjeň ilatynyň 36%-i hyzmatlar ulgamynda zähmet çekýär.

31. Sargyt № 1094.

## 38.9. Türkmenistan we Özbegistan döwletleriniň arasyndaky ykdysady we medeni gatnaşyklaryň ösüşi

Özbegistan Respublikasy Merkezi Aziýa sebitinde okgunly ösýän döwletleriň hem-de Türkmenistanyň ýakyn goňşularynyň biri bolup durýar. Döwletara gatnaşyklarynyň dürli ugurlary boýunça alnyp barylýan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk, ilki bilen, ýokary derejedäki konstruktiw syýasy dialogyň işjeňleşdirilmegi türkmen-özbek gatnaşyklaryny soňky birnäçe ýylyň içinde hyzmatdaşlygyň strategik we uzak möhletleýin derejesine çykardy. Türkmenistan bilen gatnaşyklarynyň ösüşiniň häzirki tapgyryndaky düýpli esasyny, ilkinji nobatda, taryhy umumylyk, gumanitar-ruhy kökler, iki doganlyk halklaryň medeniýetde, söwdada köp asyrlyk özara bähbitli gatnaşyklarynyň däpleri, şeýle hem parahatçylyga, ylalaşyga, sosial ösüşe gönükdirilen, umumy adamzat gymmatlyklaryndan ugur alýan, däp bolan dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk hyzmatdaşlygy düzýär.

Özbegistan Respublikasy 1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda özüniň döwlet Garaşsyzlygyny yglan etmek bilen, dünýäniň ähli ýurtalary bilen parahatçylyk söýüjilikli syýasatyny ösdürýär we sebit hem global geosyýasatynda özüniň mynasyp ornuny eýeleýär. Özbegistan umumydünýä proseslerine okgunly goşulyşmak ugrunda abraýly halkara we sebit guramalarynyň işine işjeň gatnaşýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynyň dowamynda Özbegistan Respublikasy yzygiderli we maksadalaýyk ykdysady özgerişler ýoly bilen barýar. Häzirki döwürde bu agrarsenagat respublikasy ösen önümçilige, energetika, ulag-aragatnaşyk infrastrukturasyna, oba hojalygyň giňelýän möçberine eýe boldy. Nebit-gaz we dag-magdan, ýeňil we maşyn-gurluşyk senagatlary uly ösüş bilen barýar. Şeýle hem bu ýurtda ulag, nebit-himiýa we derman senagaty ýaly ýokary tehnologiýalaryň we düýpli ylmy-barlaglary talap edýän ulgamlaryň ösdürilmegine uly üns berilýär.

Nebitiň, gazyň, gymmat bahaly we seýrek metallaryň-altynyň, kümşüň, uranyň baý gorlarynyň bolmagy Özbegistanyň ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň gazylyp çykarylýan we gaýtadan işleýän önümçilik pudaklarynyň ösdürilmegine täsir edýär. Döwletiň ykdysady infrastrukturasynyň möhüm pudaklarynyň ýene-de biri oba hojalygydyr. Ýurduň milli ykdysadyýetinde daşary ýurt maýa goýumlaryny işjeň çekmek möhüm ähmiýete eýedir.

Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasaty dünýäniň ähli döwletleri, halkara düzümleri bilen köptaraplaýyn we özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilendir.

Şoňa görä-de, Özbegistanyň Merkezi Aziýa sebiti boýunça-ýakyn goňşulary bilen hoşmeýilli we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek ileri tutulýan ugurlaryň biri hasaplanýar.

Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1993-nji ýylyň 7-nji fewralynda ýola goýuldy. Şu döwrüň içinde döwletler türkmen-özbek hyzmatdaşlygynyň döwletara, hökümetara we pudagara derejelerinde baglaşylan 120-den gowrak halkara resminamalardan ybarat ygtybarly ylalaşyk-hukuk binýadyny döretdiler hem-de dostlukly, netijeli hyzmatdaşlygynyň oňyn tejribesini topladylar. Berk ylalaşyk-hukuk esasy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ugurlarynyň giň möçberi boýunça özara hereketleriň amala aşyrylyşyny kadalaşdyrýar.

Döwletara gatnaşyklaryň dürli derejeleri boýunça yzygiderli syýasy dialog, söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmäge özara ygrarlylyk, şeýle hem medeni-gumanitar aragatnaşyklary berkitmäge bolan isleg Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasyndaky ulgamlaýyn hem maksada gönükdirilen hyzmatdaşlyga oňaýly täsir edýär. Elbetde, iki doganlyk döwletleriň liderleriniň arasynda bar bolan birek-birege düşünişmek ýörelgeleri türkmen-özbek gatnaşyklarynyň öňe gitmegine ýardam edýän wajyp faktor bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Islam Karimowyň Türkmenistana 2007-nji ýylyň oktýabrynda bolan döwlet sapary we Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Özbegistana 2008-nji ýylyň martynda amala aşyrylan döwlet sapary türkmen-özbek gatnaşyklarynyň oňyn ösüşiniň wajyp döwürleri bolmak bilen, döwletara hyzmatdaşlygynyň hil taýdan täze esaslaryny ýola goýdular. Iki doganlyk ýurtlaryň liderleriniň ýokary derejedäki yzygiderli duşuşyklary umumy ösüş bähbitli, doly möçberli hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna mundan beýläk hem amala aşyrylmagyna özara ygrarlylygyny görkezdi. Baglaşylan resminamalar ikitaraplaýyn şertnama-hukuk esaslarynyň çäklerini giňeldip, netijeli hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilemgi üçin oňat itergi boldy.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Islam Karimowyň soňky döwürlerde geçiren duşuşyklary türkmen-özbek hyzmatdaşlygynyň dünýä arenasynda konstruktiw we ulgamlaýyn häsiýete eýedigini subut edýär. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Daşkende 2009-njy ýylyň fewralynda bolan resmi sapary ozal gazanylan ylalaşyklaryň ýerine ýetirilmegine güýçli itergi berdi. Türkmenistanyň Lideriniň Özbegistanda bolmagynyň maksatnamasy iki döwletiň hyzmatdaşlygynyň strategiki häsiýetini aýan etdi. Bu saparyň netijeleri iki ýurduň arasyndaky giň möçberli

hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak hem-de däp bolan söwda-ykdysady we gumanitar arabaglanyşyklary pugtalandyrmak nukdaýnazardan möhüm taryhy ähmiýete eýe boldy.

Ýokary derejede alnyp barylýan syýasy dialog 2009-njy ýylyň dekabrynda Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimowyň Türkmenistana bolan resmi saparynyň çäklerinde dowam etdirildi. Türkmenistandan Özbegistanyň we Gazagystanyň üsti bilen Hytaýa gidýän gaz geçirijisiniň uly möçberli taslamasynyň işe girizilmegine ähumumy maksatlaryny ýerine ýetirmek ugrunda örän uly netijeli ädim hökmünde garalýar. Iki döwletiň gatnaşyklarynyň taryhyndaky bu möhüm waka hyzmatdaşlygyň dürli ugurlaryny öz içine alýan bilelikdäki netijeli hereketleriň dowamy bolup durýar. Şeýle hem ol döwletara hyzmatdaşlygyň, halkara we sebit syýasatynyň köp sanly wajyp meseleleri boýunça garaýyşlaryň, çemeleşmeleriň özara ýakynlygynyň görkezijisi bolup durýar. Türkmenistanyň Özbegistanyň Prezidentleriniň şol duşuşygy iki döwletiň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklarda hil taýdan täze tapgyryň başlangyjy boldy. Saparyň netijeleri türkmen-özbek hyzmatdaşlygyna has-da okgunly häsiýetini berdi. Hytaýa çenli barýan we strategik jähtden möhüm bolan turbageçirijiniň taslamasynyň bilelikde amala aşyrylmagy oňa gatnaşyjy taraplaryň dünýäde howpsuz we durnukly ösüş ulgamdaky halkara, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerindäki borçnamalaryna doly laýyklykda ýerine ýetirildi. Mälim bolşy ýaly, Özbegistan Respublikasy 2008--nji ýylda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan öňe sürlen, BMG-niň ähli agza döwletleri tarapyndan biragyzdan kabul edilen Baş Assambleýanyň «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» atly Rezolýusiýasyny awtordaş hökmünde işjeň goldady. Şeýle hem Özbegistanyň Aşgabatda 2010-njy ýylyň iýunynda Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitlerinde ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça halkara maslahatyny geçirmek boýunça türkmen döwletiniň Baştutanynyň möhüm halkara başlangyjyny goldamagy hem şeýle çärelere özbek tarapynyň işjeň gatnaşmaga taýýardygyny görkezdi. Köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk nukdaýnazardan Türkmenistanyň hem, öz gezeginde, Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasy başlangyçlaryny işjeň goldaýandygyny bellemek zerur. 2011-nji ýylyň 11-nji iýunynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Daşkentde geçen Şanhaý hyzmatdaşlyk Guramasynyň döwletleriniň baştutanlarynyň sammitine hormatly myhman hökmünde bu çäräni guran ýurduň Özbegistanyň Preizdentiniň çagyrmagy boýunça gatnaşdy. Şonda gün tertibinde duran örän derwaýys meseleleri netijeli çözmegiň mümkin bolan

ýollarynyň köptaraplaýyn ara alnyp maslahatlaşylmagy bolup geçdi.

Syýasy-diplomatik ulgamdan başga-da Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygynyň esasyny köp ýyllaryň dowamynda alnyp barylýan ýakyn söwda-ykdysady gatnaşyklary düzýär. Türkmenistan bu goňşy ýurda nebit we himiýa önümlerini, dokma senagatynyň we oba hojalygynyň önümlerini, tehnologik enjamlaryny, şeýle-de başga harytlary eksport edýär. Öz gezeginde, Özbegistandan bize himiýa senagatynyň önümleri, gurluşyk materiallary, hojalyk we elektron harytlary, metal önümleri, enjamlar we ulag serişdeleri gelýär. Döwletleriň arasyndaky ikitaraplaýyn söwda-ykdysady mümkinçilikleri amala aşyrmak üçin oňat şertleriň bardygyny bellemek zerur.

Ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň netijeli guraly hökmünde Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki hökümetara toparynyň işini görkezmek bolar. Hökümetara toparynyň çäklerindäki işleriň soňky ýyllar içinde işjeňleşmegi taraplaryň özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň mundan beýläk hem ösdürilmegine ygrarlylygyny görkezýär.

Türkmenistanyň we Özbegistanyň halklary dünýä taryhyna özüniň güýçli täsirini ýetiren gadymy siwilizasiýalaryň medeni taryhy mirasyny saklap gelýär. Döwletleriň gadymy topraklary tutuş adamzadyň ylym, edebiýat, medeni genji-hazynasyna özleriniň egsilmez goşandyny goşan beýleki şahslaryň dogduk mekanydyr. Muňa biziň günlerimize çenli gelip ýeten däp-dessurlar, gadymy türkmen we özbek şäherlerinde aýawlylyk bilen saklanyp galan geçmişiň arhitektura we medeni ýadygärlikleri güwä geçýär. Bu gün türkmen we özbek halklary özleriniň milli özboluşlylygyna, dinine, diline, gaýtalanmajak medeniýetine we öňki nesilleriň toplan ruhy gymmatlyklaryna eýe bolmak bilen, özleriniň merdana hem baý geçmişine buýsanmaga haklydyr.

Şunuň bilen baglylykda, türkmen-özbek gatnaşyklarynyň möhüm bölegi medeni-gumanitar ulgama degişlidir. Iki doganlyk halklaryň gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan ýakyn arabaglanyşygy bu gün hem Türkmenistanyň we Özbegistanyň halkara syýasy arenasyndaky netijeli gatnaşyklarynyň ähmiýetli faktory bolup durýar. Şu gatnaşyklaryň mundan beýläk hem berkidilmeginiň möhümdigini nazara almak bilen, Özbegistanyň Prezidentiniň Türkmenistana döwlet saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Hökümetiniň we Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda uzak ýyllar üçin medeni-gumanitar ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň Maksatnamasynyň baglanyşylandygyny bellemek gerek. Bu Maksatnamanyň çäklerinde eýýäm bilelikdäki çäreleriň uly toplumy amala aşyryldy, olaryň hatarynda iki ýurduň medeni we döredijilik işgärleriniň konsertlerini, sergilerdir forumlary, festiwallardyr maslahatlary bellemek bolar.

# XXXIX BAP
# RUSSIÝA FEDERASIÝASYNYŇ DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINDÄKI ORNY

## 39.1. Russiýa umumy häsiýetnama

Russiýa Ýewraziýada, ýagny Gündogar Ýewropada we Demirgazyk Aziýada ýerleşmek bilen, territoriýasy boýunça dünýäniň iň uly ýurdudyr. Onuň tutýan meýdany 17 075 400 inedördül kilometre deň bolup, dünýäniň gury ýeriniň 11,46%-ine deňdir. Ýurduň köp bölegi Aziýada ýerleşendir. Ýurduň paýtagty Moskwa şäheri bolup, ol Gündogar Ýewropada ýerleşýär. Şonuň üçin Russiýa Ýewropa döwleti diýlip hasap edilýär. Ural daglary ýurdy Ýewropa we Aziýa yklymlaryna bölýär.

Russiýa 18 sany döwlet bilen serhetleşip, bu görkeziji boýunça dünýäde birinji orundadyr. Ol döwletlere Norwegiýa, Finlýandiýa, Estoniýa, Latwiýa, Litwa, Polşa, Belarus, Ukraina, Gruziýa, Azerbaýjan, Gazagystan, Hytaý, Mongoliýa, Demirgazyk Koreýa, Günorta Osetiýa, Abhaziýa degişlidir.

Soňky iki döwlet entek BMG tarapyndan ykrar edilmedik döwletlerdir. ABŞ we Ýaponiýa bilen deňiz arkaly serhetleşýär.

Russiýanyň kenarlaryny Ýuwaş we Demirgazyk Buzly ummanlarynyň suwlary ýuwýar. Ýurduň kenarlaryna dünýä ummanynyň 12 sany deňzi galtaşýar. Olar Barens, Ak, Karsk, Laptewler, Gündogar-Sibir, Çukot, Bering, Ohot, Ýapon, Baltika, Gara we Azow deňizleridir.

Ýurduň resmi ady Russiýa Federasiýasydyr. Döwlet baştutany prezident, hökümetiň başlygy premýer-ministrdir. Prezidente giň ygtyýarlyklar berlendir. Prezident ilki 4 ýyl möhletli we iki gezek saýlanyp bilýärdi. Soňky üýtgeşmeleriň esasynda prezidentlik möhleti 6 ýyla çenli uzaldyldy. Iki gezekden artyk saýlanmaga hukugy ýok madda yzly-yzyna iki gezekden artyk saýlanmaga hukugy ýok diýlip üýtgedildi. Munuň özi prezidente iki gezekden soň ara bir saýlaw salyp, täzeden öz sesini goýmaga hukuk berýär. Prezident ählihalk ses bermeginde saýlanylýar. Ol ýurduň daşary syýasatyny kesgitleýär. Ýaragly güýçleriň baş serkerdebaşysydyr. Ol premýer-ministri, Dumanyň ýolbaşçysyny, federal ministrleri belleýär we aýyrýar.

Kanun çykaryjylyk federal ýygnaga – parlamente degişli. Ol iki palatadan ybarat bolup, ýokary bölegine federasiýa Geňeşi, aşaky palatasyna Duma diýilýär. Döwlet Dumasy 450 deputatdan ybarat bolup, olar partiýalara göni ses bermegiň esasynda dört ýyl

möhlete saýlanylýar. Federal geňeşe ýurduň her subýektinden iki wekil gatnaşýar.

Ýerine ýetiriji häkimiýet Hökümete degişli. Şeýle hem federal ministrlikler, gulluklar, komitetler, agentlikler ýerine ýetiriji häkimiýetiň düzümine girýär.

Russiýa 83 sany deň hukukly subýektden ybaratdyr. Olara 21 respublika, 9 ülke, 46 oblast, 1 awtonom oblast, 4 awtonom okrug, 2 sany federal ähmiýetli şäher degişlidir. 2014--nji ýylda Krym we Sewastopolyň goşulmagy bilen subýektleriň sany 85-e ýetdi. Federal ähmiýetli şäherlere Moskwa we Sankt-Peterburg girýär. Şeýle hem ýurduň territoriýasy 8 sany federal okruglara bölünýär. Prezident tarapyndan bellenilen wekil federal okruglara ýolbaşçylyk edýär.

Russiýa Federasiýasy ýer, suw, tokaý, gazylyp alynýan baýlyklara örän baýdyr. Tebigy baýlyklaryň möçberi we olaryň pul hasaby boýunça dünýäde birinji orunda durýar. Ýurduň relýefiniň 70%-ini seýsmiki taýdan durnukly düzlükler we peslikler tutýar. Bu mümkinçilik hojalyk işlerini alyp barmakda uly amatlylyk döredýär. Dünýä boýunça sürümli ýerleriň 10%-i Russiýanyň paýyna düşýär. Munuň özi ekerançylygy ösdürmäge mümkinçilik berýär. Emma ekerançylyk üçin zerur bolan maýyl günleriň dowamlylygy 2–3 aýdan geçmeýär. Bu ýagdaý öz gezeginde ekerançylykda uly kynçylyk döredýär.

Suw baýlyklary boýunça iň öňdäki görkezijilere eýedir. Ýurt boýunça jemi 2,8 müň derýalar bolup, olaryň jemi uzynlygy 12,4 million kilometre barabardyr. Iri derýalary Ýeniseý, Lena, Ob, Amur, Wolgadyr.

Ýurduň ägirt uly territoriýasynda 2 747 977 sany köller we köljagazlar, bolup, olaryň umumy tutýan meýdany 408 856 inedördül kilometre barabardyr (Hazary goşmanyňda). Dünýäde ýeke-täk süýji suwly köl bolan Baýkal hem Russiýada ýerleşýär.

Olardan başga-da 30 müň derýa akymlaryny sazlaşdyrýan, umumy möçberi 800 kilometre, kenarlarynyň jemi uzynlygy 75,4 müň kilometre barabar bolan suw howdanlary ýerleşýär.

Russiýanyň umumy territoriýasynyň 40%-ini tokaýlyklar tutýar. Dünýäniň tokaýlyklarynyň 1/5 bölegi, ýer şarynyň hwoý tokaýlyklarynyň ýarysy bu ýurduň paýyna düşýär. Ýurtda ýaşaýan her bir adama ortaça 0,64 gektar tokaý meýdany düşüp, bu görkeziji boýunça dünýäde ikinji orunda durýar. 24700 görnüşli ösümlik dünýäsi bardyr. Haýwanat dünýäsi köpdürlüligi bilen tapawutlanýar.

Gazyp alynýan baýlyklaryň ägirt uly gorlary jemlenendir. Olaryň köpüsi boýunça dünýäde öňdäki orunlary eýeleýär. Mysal üçin, apatitleriň 55%-i, demriň dünýä boýunça gorunyň 12%-i, kömrüň 15%-i, almazyň 26%-i, nikeliň 22%-i, kaliý duzunyň 16%-i, reňkli we seýrek duşýan metallaryň 13%-i ýerleşýär. Uglewodorod serişdeleri has giň ýaýrandyr. Nebitiň dünýä gorunyň

*16-njy tablisa*

**Russiýada ilatyň ýyllar boýunça artyşy**

| Ýyllar | Ilatyň sany (million adam) |
|---|---|
| 1821 | 50,6 |
| 1997 | 67,5 |
| 1914 | 89,9 |
| 1917 | 91,0 |
| 1926 | 92,7 |
| 1939 | 108,4 |
| 1959 | 117,2 |
| 1970 | 129,9 |
| 1979 | 137,4 |
| 1989 | 147,0 |
| 1996 | 148,3 |
| 2002 | 145,6 |
| 2005 | 141,3 |
| 2010 | 142,9 |

Çeşmesi: Мир на рубеже тысячелетий. Москва, 2011 г.

12%-i, tebigy gazyň 33%-i jemlenendir. Bu görkezijiler entek barlanylyp, ýüze çykarylan gorlardyr. Has takygy ýurduň umumy meýdanynyň diňe 40%--inde gözleg-agtaryş işleri geçirilendir. Galan 60%-inde entek gözleg-agtaryş işleri hem geçirilen däldir. Sebäbi tebigy baýlyklaryň häzirki açylan gorlary hem ýurdy birnäçe onýyllyklaryň dowamynda üpjün edip bilýär. Meselem, diňe Ural daglaryndaky demir magdan känleri ýurduň metallurgiýa senagatyny ýüz ýyldan gowrak wagtlap üpjün etmäge mümkinçiligi bardyr.

Häzirki wagtda 20 müňden gowrak tebigy baýlyklaryň ýataklary senagat taýdan ulanylýar. Bar bolan tebigy baýlyklaryň umumy pul möçberi 140 trillion dollara barabar diýlip çaklanylýar.

Soňky geçirilen barlaglaryň netijesinde ýurduň uglewodorod gurbaty has köpdür. Häzirki wagtda Arktikanyň Russiýa düşýän böleginde nebitiň we gazyň dünýä boýunça gorunyň 25%-i ýerleşýär diýlip hasap edilýär.

Ýurduň ilaty 2010-njy ýyl boýunça 142,9 million adama barabar boldy. Ilatyň tebigy taýdan artyşy soňky üç onýyllyklar bäri haýal ösüşe eýe boldy. Umuman alanyňda, Russiýa çaga dogluşyň pes derejesi mahsusdyr. Demografiki ösüşiň haýallamagyna birnäçe ýagdaýlar täsir edýär. Tebigy artyş esasan-da iri senagat merkezlerinde we tebigy şertleriň kyn ýerlerinde has pese düşendir. Aşakdaky getirilen tablisada ýyllar boýunça ilatyň artyşy görkezilýär.

Tablisadan görnüşi ýaly, ilatyň sany azalyp başlaýar. Munuň esasy sebäbi sosial ýagdaýyň ýaramazlaşmagy, adamlaryň köpçülikleýin daşary ýurda göçmegidir. Soňky ýyllarda geçirilen özgertmeleriň netijesinde 2008-nji ýylda ilkinji gezek ölýänlerden dogulýanlaryň sany artyk bolup başlady.

Ilatyň 80%-i şäherlerde ýaşaýar. Ýurtda adam sany milliondan geçýär. Ilatynyň sany 12 milliondan geçýän şäher bar. Olara Moskwa, Sankt-Peterburg, Nowosibirsk, Ýekaterinburg, Nižniý Nowgorod, Samara, Omsk, Kazan, Çelýabinsk, Rostow, Ufa, Wolgograd degişlidir.

Ýurduň ilaty, esasan, Ýewropa böleginde ýaşaýar. Gazaply howa şertleri netijesinde ilatyň senagat merkezlerine süýşmegine getirýär. Munuň özi şäher ilatynyň ösmegine, işsizligiň ýokarlanmagyna, uzakdaky sebitlerde bolsa işçi güýjüniň ýetmezçiligine getirýär.

Ilatyň agramly bölegi ruslardyr. Ondan başga-da örän köp sanly halklar we halkyýetler ýaşaýar. Russiýa köpmilletli döwletdir. Ýurduň ilatynyň millet taýdan düzümi aşakdaky tablisada görkezilýär.

*17-nji tablisa*

**Russiýanyn ilatynyň düzümi**

| | |
|---|---|
| Ruslar | 79,83% |
| Tatarlar | 3,83% |
| Ukrainler | 2,03% |
| Başgyrtlar | 1,15% |
| Çuwaşlar | 1,13% |
| Çeçenler | 0,94% |
| Ermeniler | 0,78% |
| Belaruslar | 0,56% |
| Beýleki milletler | 9,75% |

Çeşmesi: Мир на рубеже тысячелетий. Москва, 2014 г.

Döwlet dili rus dilidir. Rus dili slawýan halklarynyň içinde iň giňden ýaýranydyr. Ol dünýä dilleriniň biridir. Ýurduň ilaty 100 dilde we dialektde gepleşýär. ÝNESKO-nyň 2009-njy ýyllardaky hasaplamasyna görä, ýurtdaky 136 dile ýitip gitmek howpy abanýar.

Russiýa dünýä jemgyýetinde esasy orun tutýan döwletleriň biridir. Ol dünýäniň beýik deržawalarynyň biri bolmak bilen, dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmekde aýratyn jogapkärçilik çekýän döwletleriň biridir. Ol «Uly sekizlige» girýän ýurt bolmak bilen, köp sanly halkara guramalarynyň, integrasiýalaryň agzasydyr.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllary ýurt üçin agyr synag boldy. Nädogry alnyp barlan ykdysady syýasat, hususylaşdyrmagyň nätakyk geçirilmegi, hojalyk gatnaşyklarynyň bozulmagy netijesinde ykdysady we sosial ýagdaý pese düşdi. Akyl zähmetini çekýän adamlaryň köpçülikleýin daşary ýurda göçmegi başlady. Daşary we içerki bergileri örän ýokarlandy. Tebigy we intellektual gurbatynyň örän ýokarydygyna garamazdan, sosial-ykdysady taýdan yzagalak ýurtlaryň hataryna goşuldy. Bu ýagdaý 2000-nji ýyla çenli dowam etdi.

Täze ýüzýyllykdan başlap ýurduň durmuşynda düýpli öwrülişikleriň başy başlandy. Ykdysadyýet we sosial ýagdaý ýokarlanyp başlady. Iri bergidar ýurt diýlip tanalýan Russiýa, indi iri karz beriji döwlete öwrüldi. Netijede, Russiýa häzirkizaman dünýäsiniň ykdysady, ylmy-tehniki progres, syýasy, harby, maliýe taýdan dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna goşuldy.

## 39.2 Ykdysadyýeti

Reforma ýyllarynda ýurduň ykdysadyýeti agyr kynçylyklary başdan geçirdi. Önümçiligiň möçberi we zähmet öndürijiliginiň pese gaçmagy yzygiderli häsiýete eýe boldy. 1990-njy ýylda ýurduň JIÖ-i DJÖ-niň 3,7%-ini tutýan bolsa, 1997-nji ýylda 1,7%-e deň boldy. Dünýäniň senagat önümindäki paýy 4,8%-den 1,8%-e, JIÖ-iň möçberi boýunça 8-nji orundan 14-nji, jemi içerki önümiň adam başyna düşüşi boýunça 43-nji ýerden 58-nji orna geçdi.

Önümçiligiň we zähmet öndürijiligiň pese gaçmagy 1997-nji ýylda ýeňip geçildi. Pudaklar ösüş ýoluna düşdüler. Emma 1998–1999-njy ýyllarda ýüze çykan Aziýa maliýe çökgünligi ýurduň tapsyz ykdysadyýetine agyr zarba urdy. Býujet ýetmezçiligi örän ýokarlandy. Aýlyklaryň, pensiýalaryň, kömek pullarynyň birnäçe aýlap berilmezligi yzygiderli häsiýete geçdi. Ykdysady kynçylyklar jemlenip, 1998-nji ýylda defolta (bergileri tölemekden ýüz dönderilmegi) getirdi. Halkyň sarp edijiligi, rublyň hümmeti pese gaçdy. Milli walýutasynyň hümmetiniň pese gaçmagy, daşary ýurt maýasy üçin amatly şert döretdi. 2000-nji ýyldan başlap ykdysadyýetde uly bolmadyk ösüş duýlup başlandy.

*18-nji tablisa*

**Russiýanyň JIÖ-niň ýyllar boýunça ösüşi**

| Ýyllar | JIÖ-niň ösüşi %-de |
|---|---|
| 2000 | 10 |
| 2001 | 5,1 |
| 2002 | 4,7 |
| 2003 | 7,3 |
| 2004 | 7,2 |
| 2005 | 6,4 |
| 2006 | 8,2 |
| 2007 | 8,5 |
| 2008 | 5,2 |
| 2009 | |
| 2010 | |
| 2011 | 4,1 |

Çeşmesi: Мир на рубеже тысячелетий. Москва, 2014 г.

2000-nji ýyldan başlap täze ykdysady-sosial özgertmeler ornaşdyrylyp başlandy. JIÖ-niň durnukly ösüşi gazanylyp başlandy.

JIÖ-niň ýokary ösüş derejesi milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygyndaky ornunyň ýokarlanmagyna getirdi. 2007-nji ýylda bu görkeziji boýunça 8-nji orna geçmegi başardy. Netijede, ýurduň JIÖ-si 1990-njy ýyldaky ýagdaýyna 17 ýyldan soň gaýdyp geldi.

2008-nji ýylda ýüze çykan dünýä maliýe-ykdysady çökgünligi Russiýanyň ykdysadyýetinden sowa geçmedi. Aýratyn-da ykdysadyýetiň eksport bölegi, hususyýetçilik agyr ýitgi çekdi. Senagat önümçiligi pese düşdi, işsizlik ýokarlandy. Çökgünlige garşy döwlet tarapyndan ýörite çäreler alnyp baryldy. Bütindünýä bankynyň

berýän maglumatlaryna görä, Russiýa senagatlaşan ýurtlaryň arasynda çökgünlikden düýpli ejir çekmän çykan az sanly ýurtlaryň biri boldy. Munuň üçin hökümet düýpli harajatlary çykardy. 2008-nji ýylda halkara ätiýaçlyk gorunyň möçberi 569 milliard dollar bolup, bu görkeziji 2009-njy ýylda 412,6 milliard dollara deň boldy. JIÖ 2009-njy ýylda 7,9%, eksporty 23,4 milliard, importy 13,6 milliard dollar pese gaçdy. Daşary söwdasynyň oňaýly galyndysy 1,8 esse peseldi. 2009-njy ýylyň ikinji ýarymynda ykdysadyýetiň pese düşmeginiň öňi alyndy. JIÖ 2010--njy ýylda 4%, 2011-nji ýylda 4,1% ösüş gazandy. Bu görkezijiler Uly sekizlige girýän ýurtlaryň arasynda iň ýokary derejededir.

Çökgünlige garamazdan döwlet býujeti sosial-medeni ulgama goýberýän harajatlaryny peseltmän, tersine ony ýokarlandyrdy. Bu serişdeler ätiýaçlyk gorunyň hasabyna maliýeleşdirildi.

Russiýa üçin akyl zähmetini çekýän adamlaryň daşary ýurtlara gitmesi häsiýetlidi. Häzirki wagtda migrasiýanyň bu görnüşiniň öňi alyndy. Ozalky daşary ýurtlara giden ýokary taýýarlykly kadrlary yzyna getirmek we beýleki ýurtlardan professionallary çekmek ýola goýuldy.

Ykdysadyýeti ösdürmek üçin döredilen «Durnuklylaşdyryş gaznasy» uly ähmiýete eýe bolan özgertmeleriň biri boldy. Ol ilki daşary ýurt bergilerini üzmek üçin döredilipdi. Sebäbi 2000-nji ýyllarda Russiýanyň daşarky bergileri ozalky Soýuzdan galan bergileri hem goşanyňda 160 milliard, olaryň göterimi, wagtynda tölenilmedik berginiň jerime möçberleri 80 milliard dollara golaýlapdy. Içerki bergiler 80 milliard dollardan gowrak bolup, bergileriň jemi möçberi 320 milliard dollardan hem geçipdi. 2005–2007-nji ýyllarda daşarky bergiler wagtyndan öň üzlüşildi. Bergileriň wagtyndan öň üzülmegi ýurduň halkara reýtingine oňaýly täsir etdi. Ozallar karz bermek töwekgelçiligi örän ýokary diýlip hasaplanylýan bolsa, karz töwekgelçiliginiň pes derejeli ýurduna öwrüldi.

Umuman alanyňda, ozalky Soýuzdan Russiýa 80 milliarda golaý bergiler we şonça mukdardaky algylar galypdy. Soňra Russiýanyň özi hem 80 milliard dollara golaý karzlary alypdy. Bergileriň wagtynda gaýtarylmazlygy, göterimiň ýokary derejesi, wagtynda gaýtarylmadyk serişdeleriň jerimeleri, karz alnan serişdeleriň bisarpa ulanylmagy bergileriň möçberiniň çalt ulalmagyna getirdi. Netijede, gysga wagtyň içinde Russiýa agyr bergidar ýurda öwrüldi.

Ýurduň algydar we bergidar döwletleriniň arasynda uly tapawut bardy. Algyly döwletlerine Hindistan, Alžir, Siriýa, Angola, Yrak ýaly döwletler degişli bolsa, bergidar ýurtlaryna karz şertnamasyna ýowuz çemeleşýän günbataryň klublary degişlidir. Bu ýurtlaryň içinde bergisini berýän ýurt Hindistandyr.

Durnuklylaşdyryş gaznasy nebitden gelýän goşmaça girdejileriň hasabyna döredildi. Durnuklylaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň möçberi boýunça Ýaponiýadan we Hytaýdan soň 3-nji orny eýeleýär.

Ykdysadyýetiniň çalt ýokarlanmagy sport we syýahatçylyk pudaklarynyň hem ösmegine getirýär. 2014-nji ýylda gyşky Olimpiada, 2018-nji ýylda futbol boýunça dünýä çempionatynyň Russiýada geçirilmegi gös-göni ykdysady ösüşiniň netijesidir.

Özgertme ýyllarynda ykdysadyýetiň pese gaçmagyna ozalky Soýuz respublikalarynyň arasyndaky hojalyk gatnaşyklarynyň bozulmagy, rublyň hümmetsizlenmegi, döwlet emlägini wauçeriň esasynda hususylaşdyrylmagy we başga-da birnäçe oňaýsyz ýagdaýlar täsir etdi. 1992–1997-nji ýyllarda geçirilen hususylaşdyrmadan döwlet býujetine 33 milliard dollar girdi. Şol wagtda bolsa diňe önümçilik serişdeleriniň bahasy 1 trillion dollardan hem geçýärdi.

## 39.3. Senagaty

Russiýada köp ugurly senagat hereket edýär. Has dogrusy ýurtda iňňeden başlap kosmos gämilerine çenli öndürilýär. Gaýtadan işleýän senagaty umumylaşdyrylan görnüşde maşyn-gurluşyk, awiakosmos senagaty, harby senagat toplumy (HST), nebiti gaýtadan işleýän senagat, ýeňil, himiýa, energetika, gazyp alyjy senagatlaryna bölünýär. Häzirki wagtda hereket edýän senagat pudaklarynyň ýagdaýy dürli-dürlüdir.

Ösen ýurtlaryň senagatynyň esasy keşbini maşyn gurluşygy kesgitleýän hem bolsa Russiýanyň senagatynda maşyn-gurluşygy iň agsaýan ugurlaryň biridir. Bu ýagdaý aýratyn-da ýeňil, ýük awtomobilleri, stanok, dwigatel gurluşygy ýaly pudaklarda has ýiti ýüze çykýar. Ozalky SSSR 1990-njy ýyllarda 6 milliondan gowrak awtomobilleri öndüren bolsa, 2010-njy ýylda bu görkeziji 1,3 milliona golaýdy. Milli awtomobil senagaty häzirki wagtda proteksionizm we güýçli döwlet goldawynyň hasabyna ýaşaýar. Ýurtda dünýäniň öňdebaryjy awtomobil gurujy kompaniýalarynyň bölümleri hereket edýär. Olara Şkoda, Wolkswagen, Toýota, BMW, Nissan, Mitsubishi, Chevrolet we başga-da onlarça awtomobil gurujylar öz awtomobillerini ýygnama esasynda goýberýärler. Ýeňil awtomobil konweýerlerine LADA, WAZ, GAZ degişlidir. Ýük ulaglaryny öndürýän «Kamaz» kompaniýasy

dünýäniň ýük ulaglaryny öndürýän kompaniýalarynyň arasynda 11-nji orunda durýar. Kamaz 2015-nji ýyldan başlap her ýylda 100 müň ýük ulagyny öndürmegi göz öňünde tutýar. Russiýa hökümeti awtomobil senagatyny ösen döwletleriň hataryna çykarmak üçin 2020-nji ýyla çenli maksatnamany işläp düzdi. Oňa laýyklykda Russiýa 2020-nji ýylda awtomobilleri öndürmek boýunça ösen döwletleriň hataryna goşular.

Stanok we dwigatel gurluşyk senagaty hem uly kynçylyklary başyndan geçirýär. Ýurduň stanok gurluşyk senagaty düýpgöter pese düşdi. Soýuz wagtynda öndürilen stanoklar we dwigateller esasan ozalky Soýuz respublikalaryna ugradylýardy. Bu stanoklar we dwigateller energiýa we material sarp edijiligi, zähmet öndürijiligi we başga-da birnäçe görkezijileri boýunça ösen döwürleriň stanoklaryndan pes görkezijä eýedir. Şonuň üçin bu pudagyň önümçiligi ýylsaýyn pese gaçýar.

Demir ýol maşyn-gurluşygynda soňky ýyllarda öňegidişlik duýlup başlandy. Iri federal demir ýollaryň we metrolaryň durky täzelenip başlandy. Germaniýanyň ýokary tizlikli «Sapsan» kysymly metro otlularynyň gurluşygy ýola goýuldy. Tizligi sagatda 250 kilometre ýetýän «Gyzyl peýkam» diýlip atlandyrylýan ýolagçy otlulary öndürilip başlandy.

Ýurt oba hojalyk tehnikalaryny köp öndürijileriň biridir. Gämi gurluşygy boýunça dünýä lideriniň hatarynda durýar. Gämileriň ähli görnüşleri öndürilýär. Harby maksatly gämileriň önümçiligi has ösendir. Suwasty, kreýser, awianosesler we başga-da örän köp görnüşli harby maksatly gämiler öndürilýär. Hojalyk, dynç alyş, hususy (ýahta) gämileriň önümçiligi ösdürilýär.

Awiakosmos senagaty dünýä boýunça öňdäki orunlary eýeleýär. Raýat maksatly uçar gurluşygynyň ösüşi barha ýokarlanýar. Reforma ýyllarynda bu pudaklaryň önümçiligi pese düşüpdi. Öndürilýän uçarlary tehniki taýdan täzelemek meselesi ýüze çykdy. Soýuz wagty dünýäniň köp ýurtlaryna eksport edilýän uçarlara bolan isleg pese düşdi. Günbataryň öndürýän uçarlary rahat, howpsuz, tygşytly bolup, olar bäsleşikde rus uçarlaryndan üstün çykdylar. ÝS, ABŞ, Ýaponiýa ýaly döwletler rus uçarlarynyň sesiniň örän ýokarydygy üçin olary öz içine goýbermän başladylar. Şeýlelikde, Russiýa özüniň bäsdeşleri bolan «Boing» we «Eýrbas» kompaniýalarynyň uçarlaryny satyn alyp başlady. Munuň özi ýurduň uçar gurluşyk senagatynyň düýpli pese düşmegine getirdi. Ýolagçy uçarlaryna TU, IL, ÝAK, ýük uçarlaryna IL-76 kysymly howa gämileri degişlidir. Häzirki wagtda bu uçarlar düýpli modernizasiýalaşdyrylýar. Täze uçarlar bolan Suhoý Super Jet-100 (SSJ-100) we MS-21 kysymly uçarlara halkara sargytlary gelip başlady. Bu uçarlary daşary ýurtlara satmak boýunça baglaşylan şertnamalaryň möçberi 7 milliard dollardan hem geçýär.

2010-njy ýylda uçar gurluşygyndan gelen girdeji 504 milliard rubla deň boldy. Onuň 31%-i uçar, 18%-i dikuçar, 24%-i dwigatel, 8%-i agregat, 11%-i pribor, 8%-i ýörite tehnikalarynyň gurluşygynyň paýyna düşdi. 2010-njy ýylda Russiýada 100-den gowrak harby uçarlar öndürildi. Harby uçarlary öndürmek boýunça dünýäde 2-nji, dikuçarlary öndürmek boýunça üçünji orunda durýar. Dünýäniň dikuçar bazarynyň 6%-i Russiýanyň paýyna düşýär. Ozalky Soýuz dünýäniň uçar we dikuçar bazarynyň 26%-ini elinde saklaýardy. Häzirki wagtda bu görkeziji 2%-e hem ýetmeýär. Hökümet 2020-nji ýyla çenli dünýäniň uçar we dikuçar bazarynyň 10%-ini eline almagy maksat edinýär.

Russiýanyň kosmos senagaty dünýä kosmos senagatynyň lideridir. Ruslar açyk kosmosa ilkinji bolup çykmagy başardylar. Soýuz, Proton, Angara kysymly kosmos gämileriniň dünýäde deňi-taýy ýokdur. Russiýa häzirki wagtda açyk kosmosa çykyp bilýän gämileri öndürýän ýeke-täk ýurtdur. ABŞ örän gymmat düşýänligi sebäpli, öz kosmos gämileriniň uçuşyny bes etdi. Netijide, Russiýa açyk kosmosa çykýan ýeke-täk ýurda öwrüldi. Dünýä boýunça edilýän kosmos hyzmatlarynyň 15%-i Russiýanyň paýyna düşýär. Kosmosy maliýeleşdirmek boýunça dünýäde 6-njy orny eýeleýär. Russiýa 2016-njy ýylda Mars planetasyna adam ugratmagy meýilleşdirýär. Şeýle hem Günorta Koreýa, Hytaý, Fransiýa, Hindistan ýaly ýurtlara öz kosmodromlaryny edinmäge kömek berýär. Daşary ýurtlara kosmos gämileriniň köpçülikleýin satuwy başlandy. Mysal üçin, 1 milliard dollar bahasy bolan «Soýuz» kysymly kosmos gämilerini Fransiýa satdy. Fransuz Gwineýasynda «Kuru» kosmodromyny gurup berdi. Şeýle aerodromlary gurmaga Günorta Koreýa we beýleki döwletlere hem ýardam berýär.

Russiýanyň senagatynda harby-senagat toplumy ähmiýetli orun tutýar. Birnäçe onýyllyklaryň dowamynda bu ugurda düýpli netijeler gazandy. Russiýa ýaraglaryň görnüşi boýunça diňe ABŞ-dan yza galýar, hili boýunça dünýäde 1-nji orundadyr. Soýuz ýykylanyndan soňra HST pese düşdi. Döwlet buýurmalary tutuşlygyna diýen ýaly bes edildi. Munuň özi bu ugurda işleýän ýokary taýýarlykly hünärmenleriň daşary ýurtlara gitmegine getirdi. 2000-nji ýyldan geçirilip başlanan özgertmeler netijesinde bu pudak tutuşlygyna diýen ýaly dikeldildi. Döwlet buýurmalary ýylsaýyn ýokarlanýar. Ýurduň harby arsenalyny tutuşlygyna täzelemek ilki 2007–2015-nji ýyllar aralygynda 4,9 trillion rubl goýbermek göz öňünde tutuldy. Soňra 2010–2020-nji ýyllar üçin 22 trillion rubl goýbermek meýilleşdirilýär. Şeýle ägirt uly serişdeleri goýbermegiň netijesinde Russiýa dünýäde iň güýçli döwletleriň hataryna goşulmak isleýär.

Ýurduň dünýäniň ýarag bazaryndaky paýy örän uludyr. Dünýä boýun-

ça eksport edilýän ýaraglaryň 23%-i Russiýanyň paýyna düşüp, bu ugurda diňe ABŞ-dan yza galýar. Ozalky Soýuz wagtynda eksport edilen ýaraglaryň her ýylky möçberi 28 milliarda golaý bolup, bu rekord görkeziji hasaplanylýar. 2010-njy ýylda ýarag eksporty 10 milliard dollardan geçip, 1991-nji ýyldan bäri iň ýokary görkezijidir.

Russiýa dünýäniň 80-den gowrak ýurdy bilen harby ugurda hyzmatdaşlyk edýär. 62 sany ýurda ýarag satýar. Russiýa howa hüjüminden goranyş toplumlary (S-300, S-400-S500), tanklary, awtomatlary, yklymara ýadro däribaşly ballistik raketalary (Topol-M, Bulawa) we başga-da köp görnüşli ýaraglary öndürmekde dünýä lideri hasaplanylýar.

Ýeňil senagat ýurduň ykdysadyýetiniň esasy ugurlarynyň biridir. Ol 17 sany pudagy, 14 müň kärhanany özünde jemleýär. Bu ugurda jemi müň adam işläp, onuň 75%-i zenanlardyr. Ýeňil senagaty 15 sany ýöriteleşen ylmy-barlag we taslama institutlary özüne birleşdirýär. Bu institutlaryň köp sanly oýlap tapyşlary dünýä standartyna laýyk gelýär. Olaryň käbirleriniň bolsa başga ýurtlarda meňzeş (analog) tehnologiýalary hem ýokdur.

Himiýa senagaty ykdysadyýetiň düzüminde möhüm orny eýeleýär. Himiýa senagatynyň önümlerine bolan islegiň agramly bölegi ýerli öndürijileriň hasabyna kanagatlandyrylýar.

Derman-himiýa senagaty iň çalt ösýän pudaklaryň biridir. Derman önümleri ýurduň isleginiň 70%-ini kanagatlandyrýar. Köp döwletlere derman önümlerini eksport edýär.

Himiýa senagatyna degişli kärhanalaryň arasynda harby maksatly önümçilikler uly orun tutýar. Häzirki wagtda bu önümçilikler tutuşlygyna diýen ýaly konwersiýa edilýär.

Metallurgiýa senagatyň esasy ugurlarynyň biridir. Gara metallurgiýa senagat önüminiň 10%-e golaýyny tutýar. Bu pudakda 660 müňden gowrak adam zähmet çekýär. Onuň düzüminde 1500-den gowrak kärhana we edara bardyr.

Reňkli metallurgiýa jemi senagat önüminiň 2,6%-ini tutýar. Ol esasan alýuminiý, nikel, titan we başga-da birnäçe görnüşli reňkli metallary öndürýär. Titanyň önümçiligi we hili boýunça dünýä lideridir. Alýuminiý kompaniýasy bolan Rusal alýuminiý ugurdan dünýäniň iri kompaniýasydyr. Häzirki wagtda ýurduň alýuminiý gory bary-ýogy 10–20 ýyla ýeter diýlip hasap edilýär. Şonuň üçin olar dünýäniň köp ýurtlaryndan alýuminini import edýärler.

Russiýanyň üstünlikli ösdürilen pudaklarynyň biri elektrik energiýasyny öndürmekdir. 2009-njy ýylyň jemi boýunça ýurtda 1,04 kWt/sag elektrik energiýasyny öndürip, bu görkeziji boýunça dünýäde 4-nji orny eýeleýär. 2009-njy ýylda 17,9 milliard kWt/sag, 2010-njy ýylda 19 milliard kWt/sagat elektrik energiýasy eksport edildi.

Ýurduň elektrik energiýasyny öndürmek köp görnüşli önümçilige degişlidir. Olara gidroenergetika, atom elektrik stansiýalary (AES), ýangyç elektrik stansiýalary (ÝES), ýel, gün, geotermal önümçilikler degişlidir.

Elektrik energiýasynyň 80%-den gowragy kömür, mazut we tebigy gazyň hasabyna işleýär. Tebigy gazy ulanýan stansiýalaryň sany barha köpelýär.

Ýurtda derýalaryň sanynyň köp bolmagy GES-leri gurmaga mümkinçilik berýär. 15 sany iri GES-ler hereket edip, olaryň ýyllyk kuwwaty 1000 MWT/sagada deňdir.

AES-leriň gurluşygy örän çalt depginler bilen ösdürilýär. Russiýada atom energiýasyny almakda tehnologik taýdan uly ösüşler gazanyldy. Mysal üçin, pes kuwwatlykdaky ýüzýän AES-leriň dünýäde deňi-taýy ýokdur. AES-ler boýunça edilýän halkara hyzmatlaryň dünýä boýunça 25%-i düşýär. Uran ýangyjynyň dünýä boýunça 40%-i eksport edilýär. AES-ler boýunça edilýän halkara hyzmatlaryň görkezijisi ösmek meýline eýedir. Çünki, Russiýa AES-leri tutuşlygyna özi gurýar we ýangyç bilen üpjün edýär. AES-lerden alynýan elektrik energiýanyň möçberini 16%-den 30%-e ýetirmek göz öňünde tutulýar.

Ýel energiýasynyň tehniki gurbaty 50 000 milliard kWt/sagada, ykdysady gurbaty 260 milliard kWt/sagada deň bolup, ýurduň häzirki öndürýän energiýasynyň 30%-ini ýel energiýasyndan almaga mümkinçiligi bar. Häzirki wagtda ýelden alynýan energiýanyň ýyllyk möçberi 15 MWt/sagat töweregidir.

Kamçatka we Kuril adalarynda geotermal energiýany ösdürmäge örän uly mümkinçilik bar. 2009-njy ýylda 450 million kWt/sagat energiýa öndürildi. Emma onuň umumy mümkinçiligi bu sandan has ýokarydyr.

Gazyp alyjy senagat ýurduň esasy pudaklarynyň biridir. Mineral çig mallaryň ähli görnüşleri diýen ýaly gazylyp alynýar. Olara nebit, gaz, kömür, demir we beýlekiler degişlidir. 2009-njy ýylda 494 million tonna nebit, 582 milliard m³ tebigy gaz öndürildi. Nebit eksporty boýunça dünýäde 2-nji, tebigy gazyň eksporty boýunça 1-nji orunda durýar.

## 39.4. Oba hojalygy

Ýurduň oba hojalygyny ösdürmek üçin örän uly mümkinçiligi bar. Dünýä boýunça sürümli ýerleriň 10%-i Russiýanyň paýyna düşýär. Esasy oba hojalyk ekinleri bolup, däneli ekinler, gant şugundyry, günebakar, kartofel,

zygyr çykyş edýär. Astrahan oblastynda gowaçanyň çalt ýetişýän sortuny ösdürip ýetişdirmek işleri alnyp barylýar.

2008-nji ýylda 108 million, 2009-njy ýylda 97 million tonna bugdaý ýygnanyldy. Her ýyl ortaça 16–18 million tonna bugdaý eksport edilip, bu görkeziji boýunça dünýäde 4-nji orny eýeleýär. Häzirki wagtda Russiýa, Ukraina we Gazagystan bileleşip, halkara bugdaý biržasyny döretmek barada iş alyp barýarlar.

Her ýylda ortaça 30 million tonnadan gowrak gant şugundyry, 30 million tonna golaý kartoşka, 15 million tonna gök önümleri, 8 million tonna günebakar ýygnanylýar.

Maldarçylykda, esasan, et-süýt we et-ýüň berýän mallar ösdürilýär. Guşçulyk aýratyn çalt depginler bilen ösdürilýär. 2008-nji ýyldan başlap ýurduň et önümleriniň importy azalyp başlady. 2009-njy ýylda 950 müň tonna guş eti import edilen bolsa, 2010-njy ýylda 700 müň, 2011-nji ýylda 350 müň tonna guş eti daşyndan satyn alyndy. Et we et önümlerini ÝS-dan, ABŞ-dan, Kanadadan, Latyn Amerikasy ýurtlaryndan satyn alýar. Beýleki tarapdan, GDA ýurtlaryna et we et önümlerini eksport edýär.

Gök, bakja we ir-iýmişleri Ispaniýadan, Latyn Amerikasyndan, Orta Aziýadan satyn alýar. Balyk hojalygy uly mümkinçilige we çalt ösüş depginine eýedir.

## 39.5 Ulag ulgamy

Russiýada ulaglaryň ähli görnüşleri hereket edýär. Demir ýollarynyň umumy uzynlygy 154 000 kilometre barabar bolup, bu görkeziji boýunça dünýäde 2-nji, demir ýollaryň elektrikleşdirilişi boýunça 1-nji orny eýeleýär.

Awtomobil ýollarynyň umumy uzynlygy 700 müň kilometr (2006-njy ýyl) bolup, bu görkeziji boýunça dünýäde 10-njy orny eýeleýär. Gara ýollaryň durky çalt täzelenýär. Howa ulagy çalt depgin bilen ösdürilýär. Uçar kompaniýalary öz işlerini barha kämilleşdirýärler. Ozalky, «Aeroflot» dünýäniň iň iri uçar kompaniýasydy. Hususylaşdyrma döwründe bu kompaniýa ýüzlerçe ownuk firmalara bölündi. Ownuk kompaniýalar soňlugy bilen halkara standartlaryna laýyk işläp bilmediler. Häzirki wagtda bu kompaniýalary birleşdirmek işi dowam edýär.

Ýurtda 232 sany aeroport bolup, olaryň 71-si halkara derejelidir. Aeroportlaryň köpüsi tehniki taýdan täzelenilmegine mätäçlik çekýär.

32. Sargyt № 1094.

Derýa ulaglary içerki ýük dolanyşygynda ähmiýetli orna eýedir. Ýük we ýolagçy gatnadylýan derýa ýollarynyň uzynlygy 200 müň kilometrden hem geçýär.

Deňiz ulaglary dünýä boýunça ähmiýetli orna eýedir. 12 deňze we 2 ummana göni çykalgasynyň bolmagy ulagyň bu görnüşiniň ösdürilmegini talap edýär. 10 sany iri deňiz porty bolup, olaryň hemmesi-de halkara ähmiýetine eýedir.

Geçiriji turba ulagy örän ösendir. Halkara nebit-gaz geçirijileriň uzynlygy boýunça dünýäde öňdäki orundadyr.

Aragatnaşyk we internet örän ösýän pudaklaryň biridir. Internet peýdalanmak boýunça dünýäde 7-nji orny eýeleýär. MTS Megafon, Bilaýn ýaly aragatnaşyk kompaniýalary dünýäniň iri kompaniýalarynyň biridir.

## 39.6. Daşary ykdysady gatnaşyklary

Russiýa Federasiýasy halkara söwdasynda görnükli orny eýeleýär. 1991--nji ýyldan bäri daşary söwdada rekord görkeziji 2008-nji ýylda gazanyldy. Şol ýyl daşary söwda dolanyşygy 2007-nji ýyla garanyňda 33,2% ýokarlanyp, 735 milliard dollara barabar bolup, daşary söwdanyň oňaýly galyndysy 201,2 milliard dollara deň boldy.

Daşary söwdada esasy orny ÝS eýeleýär. 2008-nji ýylda umumy söwda dolanyşygynyň 52%-i ÝS-a, 14,5%-i GDA ýurtlaryna, AÝUS ýurtlaryna 20,4%-i düşdi. Söwda hyzmatdaşlarynyň içinde iň irisi Germaniýa bolup, ikitaraplaýyn söwda dolanyşygynyň möçberi 67,3 milliard dollara barabar boldy. Ondan soň Gollandiýa 61,8 milliard, Hytaý – 55,9, Italiýa – 52,9, Türkiýe – 33,8, Ýaponiýa 29 mlrd., ABŞ – 27,3, Polşa – 27,2 Beýik Britaniýa – 22,5, Finlýandiýa – 22,4 milliard dollarlyk haryt dolanyşygyny alyp bardylar (2008-nji ýyl boýunça).

Russiýanyň eksportynyň düzümini degişlilikde nebit, gaz, kömür, metal önümleri, maşynlar we enjamlar, ýaraglar, mineral dökünler, bugdaý tutýar. 2010-njy ýylda eksport edilen harytlaryň 33%-i nebitiň, 17,7%-i nebit önümleriniň, 10,9%-i tebigy gazyň paýyna düşdi. Soňky ýyllarda eksportyň düzüminde maşynlaryň, enjamlaryň, hyzmatlaryň ösmek meýli göze ilip başlady. 2009-njy ýylda eksport edilen maşynlaryň we enjamlaryň möçberi 17,9 milliard dollara deň

boldy. Onuň 6,1 milliardy GDA ýurtlaryna, 11,8 milliardy beýleki döwletlere ugradyldy. 1999-njy ýyl bilen 2009--njy ýyl deňeşdireniňde maşynlaryň we enjamlaryň eksporty 2,3 esse, GDA ýurtlaryna eksporty 3,2 esse, beýleki ýurtlara eksporty 2 esse artdy. Halkara ulag hyzmatlarynyň möçberi 11,8 milliard dollara ýetdi.

Russiýanyň harytlaryny iri import ediji ýurt Gollandiýadyr (36,3 milliard dollar, 2009-njy ýyl). Russiýanyň iri import edýän ýurdy Germaniýadyr. (21,2 milliard dollar, 2009-njy ýyl) 2010-njy ýyl boýunça importyň düzüminiň 42,9%-i maşynlaryň we enjamlaryň, 4,1%-i derman önümleriniň, 2,8%-i et we balyk önümleriniň, 2,5%-i egin-eşikleriň paýyna düşdi.

Ýurduň halkara maýa goýum reýtingi hem barha ýokarlanýar. 2000-nji ýylda milliard dollarlyk maýa goýumlary eksport, 2000-nji ýylda milliard dollar daşary ýurt inwestisiýasyny import etdi. Halkara maýa goýum reýtingi boýunça dünýäde 5-nji orun eýeleýär. 2010-njy ýyla çenli daşary ýurt maýa goýumlarynyň umumy möçberi 265,8 milliard dollara deň boldy.

Halkara guramalarynyň köpüsiniň agzasydyr. GDA, ŞHG, AÝUS, ÝewAzYH, ÝGS ýaly integrasiýalara gatnaşýar. BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzasydyr.

Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda Russiýa bilen hyzmatdaşlyk möhüm orunlaryň birini eýeleýär. Bir sebitde ýerleşmek, hojalyklaryň arasyndaky umumylyklar, umumy taryh, hojalyklaryň biri-birine meňzeşligi, milli, sebit, halkara meselelerine bolan garaýyşlaryň golaýlygy dürli gatnaşyklary ösdürmäge mümkinçilikleri döredýär. Häzirki wagtda ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklar täze mana eýe boldy. Ýurdumyzyň daşary gatnaşyklarynda Russiýa iň möhüm ýurtlaryň hatarynda durýar. Russiýa Türkmenistanyň strategik hyzmatdaş döwletidir. Ikitaraplaýyn gatnaşyklar köpugurly we örän giňdir. Bilelikdäki hyzmatdaşlygyň esasy ugurlaryna söwda-ykdysady, ýangyç-energetika, senagat, ulag-aragatnaşyk, ösen tehnologiýalar, syýahatçylyk, maýa goýum ýaly ugurlar degişlidir. Türkmenistan Russiýanyň aýry-aýry sebitleri bilen hem ýygjam gatnaşyklary ösdürýär. Ol sebitlere Tatarystan respublikasy, Sankt-Peterburg, Astrahan welaýaty degişlidir.

Ynsanperwer ulgamda alnyp barylýan işler hem bellärliklidir. Her ýylda geçirilýän medeniýet günleri we başga-da köp sanly işler bu ugurdaky hyzmatdaşlygyň şowly alnyp barylýandygyny görkezýär.

# XXXX BAP
# TÜRKMENISTAN DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINDE

## 40.1. Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasaty

Ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýanyň ösmegi hem-de kämilleşmegi netijesinde dünýä ýurtlary halkara zähmet bölünişigine gitdigiçe köp çekilýär. Şonuň netijesinde aýry-aýry ýurtlaryň, tutuş sebitleriň hojalygy bellibir ugurlar boýunça ýöriteleşýär. Ýurtlaryň we sebitleriň hojalygynyň ýerleşişi olaryň tebigy, sosial-ykdysady, ulag-geografiki, maliýe ýagdaýlary, taryhy ösüş aýratynlyklary bilen üznüksiz baglydyr. Şolardan ugur alyp, her bir ýurt özüniň hojalygyny tebigy, sosial-ykdysady we ekologik taýdan has amatly ugur boýunça ösdürýär. Netijede, dünýä ykdysadyýetine goşulmak, halkara bazaryna gatnaşmak hadysalary bolup geçýär. Daşary ykdysady gatnaşyklary we onuň düzümi ýurduň milli hojalygynyň ösüş ugurlaryny seçip almak we hojalygyň ýöriteleşdirilişini çuňlaşdyrmak döwletiň alyp barýan sosial-ykdysady hem-de daşary we içeri syýasaty bilen gös-göni baglanyşyklydyr.

2009-njy ýylyň mart aýynda geçirilen Türkmenistanyň Ýaşulularynyň Maslahatynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow: «Biziň parahatçylyk söýüjilige ýugrulan daşary syýasat ugrumyz «Açyk gapylar» syýasatyna esaslanýar. Munuň özi goňşy döwletler, şeýle hem dünýäniň beýleki ýurtlary bilen deňhukukly, özara bähbitli syýasy, söwda-ykdysady we medeni gatnaşyklary ýola goýmakdan, Türkmenistan tarapyndan gol çekilen we ykrar edilen halkara resminamalaryny gyşarnyksyz berjaý etmekden, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk derejesinden gelip çykýan işjeň parahatçylyk söýüjilige esaslanan syýasy ugry ýöretmekden ybaratdyr» diýip belledi. Parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmekde, söwda-ykdysady we maýa goýum, energetiki we ulag-aragatnaşyk çäklerinde hem-de durmuş-medeni we ynsanperwerlik ugurlarynda halkara hyzmatdaşlygynda hemişelik Bitarap Türkmenistan özüniň ägirt uly mümkinçiliklerini görkezýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan Türkmenistanyň daşary syýasatynyň baş ugry türkmen döwletiniň halkara işlerine gatnaşmagynyň derejesiniň we geriminiň mundan beýläk-de giňelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynda ileri tutulýan ugurlary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyk-

lanylan «Türkmenistanyň daşary syýasatynyň baş ugruny durmuşa geçirmegiň 2008–2016-njy ýyllar üçin esasy ugurlarynda» kesgitlenendir. Bu resminama ýurdumyzyň daşary syýasy ugruny syýasy-diplomatik we halkara-hukuk taýdan üpjün etmekde maksatlaýyn çäreleriň geçirilmegini, şeýle hem halkara ykdysady hyzmatdaşlygyny ýola goýmak we ösdürmek bilen Türkmenistanyň geosyýasy strategiýasynyň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýar. Dünýäniň ähli döwletleri we halkara guramalary Türkmenistanyň alyp barýan daşary syýasatyny we möhüm başlangyçlaryny goldaýarlar. Çünki, Türkmenistan özüniň hoşniýetli halkara syýasatyny adamzadyň öňünde duran möhüm meseleleri çözmäge gönükdirýär. Türkmenistan özüniň ägirt uly tebigy baýlyklaryny, ykdysady kuwwatyny, amatly ulag-geografik ýerleşişiniň mümkinçiliklerini ýurtlaryň we sebitleriň parahatçylykly ýaşaşmagyna, söwda-ykdysady we medeni-gumanitar aragatnaşyklaryň ösmegine gönükdirýär.

Hormatly Prezidentimiziň ýöredýän daşary syýasaty Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pugtalandyrylmagyny üpjün edýär, onuň ykdysady we durmuş mümkinçilikleriniň ösmegine, milli ykdysadyýeti bazar ýörelgelerine geçirmäge, halk hojalygynyň we eýeçilik subýektleriniň ähli görnüşleriniň halkara zähmet bölünişigine we hojalygara gatnaşyklaryna işjeň goşulmagyna ýardam edýär. Türkmenistanyň dünýädäki dürli ýurtlar bilen hyzmatdaşlygynyň ösmegi, hojalygy ýöretmegiň dünýä ulgamyna goşulmagyň obýektiw zerurlygy we kanunalaýyklygy hut şony hem talap edýär, hojalygy ýöretmegiň dünýä ulgamyna goşulmagy bolsa, ýurduň açyk ykdysadyýetiniň bolmagy bilen, şonuň ýaly-da dünýä ykdysady bileleşigine çalt goşulmak bilen baglanyşyklydyr. Bu ýagdaý halkara ykdysady gatnaşyklarynyň halkara söwdasy, tehnologik alyş-çalyş, işçi güýjüniň hereketi, daşary ýurt maýa goýumlary, halkara ykdysady integrasiýa ýaly görnüşlerde amala aşyrylýar. Olaryň arasynda ýurdumyzda has uly ösüşe eýe bolany halkara söwda we maýa goýumlaryny çekmekdir.

## 40.2. Türkmenistanyň söwda-ykdysady gatnaşyklary

Halkara söwda daşary söwdadan ybarat bolup, ol importy (harytlaryň getirilmegini) we eksporty (harytlaryň çykarylmagyny) öz içine alýar. Türkmenistanyň daşary söwdasy ýurduň ösüşiniň ol ýa-da beýleki basgan-

çagynda milli hojalygynyň öňünde goýlan wezipeleri çözmäge ýardam edýär.

Türkmenistan Soýuz döwründe-de önümleri ýurduň daşyna uly möçberlerde çykarýan respublikalaryň hataryna girýärdi. Ýurduň daşyna tebigy gaz, nebit, pagta süýümi, gök önümler, bakja, garaköli bagana we ençeme beýleki önümler arzan bahalar bilen çykarylýardy. Ýurduň daşyndan, gymmat bahalar bilen, azyk we ilatyň sarp edýän azyk däl harytlary getirilýärdi. Daşary söwda gatnaşyklaryndan alynýan girdejiler, esasan, ýurduň daşyna çykarylýan önümleri öndürýän, öňki Soýuza degişli bolan pudaklaryň ösüşine gönükdirilýärdi. Onuň türkmen halkynyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagynda ähmiýeti ujypsyzdy.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanyň özbaşdak daşary ykdysady syýasaty döredildi we ösdürildi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap ýurdumyzda daşary söwda gatnaşyklary giň gerimde ösdürildi. Türkmenistanyň eksportynyň esasy häsiýetli aýratynlygy bolup, onuň möçberiniň tebigy gazyň daşary ýurtlara çykarylmagy bilen jebis arabaglanyşyklylygydyr. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanyň eksportynyň düzümini kämilleşdirmek, onda taýýar önümleriň paýyny ýokarlandyrmak boýunça düýpli işler geçirildi. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň durkunyň täzelenmegi, täze önümçilik kuwwatlyklarynyň işe girizilmegi ýurduň eksportynda nebit önümleriniň möçberiniň ýokary depginler bilen artmagyna getirdi (2000-nji ýylda 2,7 million tonna bolanlygyndan, 2014-nji ýylda 3,3 mln. tonna çenli artdy). Soňky ýyllarda polipropileniň, suwuklandyrylan gazyň eksport möçberleri artýar. Ösen dokma senagatynyň döredilmegi nah ýüplükleriniň we nah matalaryň eksportdaky mukdarynyň 2000-nji ýylda 19,6 mln. inedördül metr bolandygyndan, 2014-nji ýylda 86,3 mln. inedördül metre çenli ýokarlandy. Şol bir wagtda-da, köp sanly egirme-dokma fabrikleriniň işe girizilmegi bilen pagta süýüminiň eksporty pese gaçýar.

Ýurduň eksportynyň ýokary netijeli ýangyç-energetiki önümlere daýanyp ösdürilmegi beýleki pudaklaryň önümleriniň daşary bazarlara çykarylmagynda bökdençlik döredýän sebäpleriň birine öwrülmegine getirdi. Ýurduň salgyt-býujet meseleleriniň ýangyç-energetika toplumynyň önümleriniň eksportyna daýanyp ösdürilmegi gaýtadan işleýän senagatyň we agrosenagat toplumynyň ösüş mümkinçiliklerini çäklendirip başlady. Täze döwürde ýurduň eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmak (köp önümlere daýanyp ösdürmek) işi alnyp barylýar. Eger-de 2000-nji ýylda Türkmenistanyň eksportynyň 90,8%-i az sanly (tebigy gaz, nebit, nebit önümleri, elektrik energiýasy, pagta süýümi, nah matalar, haly we haly önümleri)

önüm görnüşleriniň paýyna düşen bolsa, häzirki wagtda bu görkeziji 87%-e çenli azaldy. Beýleki önümleriň paýy, degişlilikde 9,2%-den 13%-e çenli ýokarlandy.

Ýurduň eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmak meselesi wajyp wezipe hasaplanýar. Sebäbi Türkmenistan diňe bir ýangyç-energetika toplumyny ösdürmek bilen çäklenmän, eýsem ösen tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan gaýtadan işleýän senagatyň, agrosenagat toplumynyň ýokary netijeli ösmegini gazanmaly. Munuň üçin bolsa bu pudaklaryň önümlerini ýokary hilli, dünýä bazarlarynda bäsleşige ukyply derejede öndürmeli.

Türkmenistanyň halkara söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyny giňeltmäge we çuňlaşdyrmaga uly mümkinçilikleri bar. Täze döwürde Türkmenistanyň daşary söwdasy öz mümkinçiliklerini, özara söwdanyň ösüşini, ylmy we tehniki hyzmatdaşlygy utgaşdyrýar. Bu bolsa ykdysadyýetiň mundan beýläk ösmegine täsir edýär, hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga we kämilleşdirmäge ýardam edýär.

Türkmenistanda öndürilýän önümleriň barha köp daşarky bazarlarda ýörgünlilige eýe bolmagy ykdysadyýetimizde söwda dolanyşygynyň ösmegine ägirt uly täsirini ýetirýär. 2008-nji ýylda kabul edilen «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda», «Haryt nyşanlary, hyzmat nyşanlary we harydyň gelip çykan ýeri hakynda» Türkmenistanyň kanunlary, 2009-njy ýylda hukuk güýjüne giren «Türkmenistanyň deňiz söwda gatnawynyň» kodeksi we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary hem milli söwda howpsuzlygyny üpjün etmek üçin wajyp bolan hukuk binýadyny, şonuň ýaly-da içeri we daşary söwda gatnaşyklarynyň ösmegi üçin möhüm hukuk meýdanyny döredýär.

Köpugurly we senagatlaşdyrylan ykdysadyýetli Türkmenistanyň söwda dolanyşygynyň ýylsaýyn ösmegi ýurdumyzyň söwda howpsuzlygyny üpjün etmekde giň mümkinçilikleri açýar. Türkmenistanyň daşary ýurtlara eksport edýän harytlary bolan ýod, brom, taýýar derman serişdeleri, duz, suwuklandyrylan gaz, dokma senagat önümleri, nebit önümleri, elektrik energiýasy, tebigy gaz, guradylan miweler, miwe şerbetleri, bakja we gök önümler, ter miweler ýaly önümlere isleg dünýä bazarynda ýylsaýyn artýar. Türkmenistanyň öndürýän harytlaryna bolan islegiň artmagy, biziň döwletimize daşary ykdysady gatnaşyklaryň esasy düzüm bölekleriniň biri bolan söwda gatnaşygyny durnukly üpjün etmäge we yzygiderli ösdürmäge mümkinçilik berýär.

Daşary ykdysady aragatnaşyklary syýasy taýdan üpjün etmegiň netijeli görnüşi hökmünde ikitaraplaýyn hökümetara toparlarynyň işini görkezmek bolar. 2015-nji ýyla çenli Türkmenistanyň Azerbaýjan, Awstriýa, Belarus, Eýran, Hindistan, Koreýa Respublikasy, Owganystan, Özbegis-

tan, Russiýa Federasiýasy, Täjigistan, Türkiýe, şeýle hem Ýewropa Soýuzy bilen bilelikdäki toparlarynyň 26-sy döredildi. Hökümetara toparlary, esasan, söwda gatnaşyklaryny we maýa goýum hyzmatdaşlygyny ösdürmäge ugur alýar.

Täze döwürde Türkmenistanyň daşary syýasatynyň geoykdysady ugruny güýçlendirmek babatynda uly çäreler durmuşa geçirildi. 2014-nji ýylda Türkmenistan dünýäniň 100-den gowrak döwleti bilen daşary ykdysady gatnaşyklary alyp bardy. Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygy 2014-nji ýylda 68,7 milliard amerikan dollaryndan gowrak boldy. 2014-nji ýylda daşary söwda dolanyşygynyň oňyn tapawudy 3144,2 mlrd. amerikan dollaryna deň boldy. Türkmenistanyň söwda ulgamy yzygiderli we netijeli ösýär. 2007–2014-nji ýyllarda ýurduň eksportynyň möçberi 7,2 esseden gowrak, importyň möçberi bolsa 3,8 esse ýokarlandy.

Daşary ýurtlara çykarylýan harytlaryň düzümi, ýurduň halk hojalygynyň ýöriteleşişi hem-de olary ugratmagyň mümkinçilikleri bilen baglanyşyklydyr. Türkmenistanyň daşary ýurtlara çykarýan harytlarynyň düzüminde tutýan paýy boýunça, ilkinji nobatda, tebigy gaz, nebiti gaýtadan işlemegiň önümleri, polimer materiallary, pagta süýümi we dokma önümleri durýar. 2014-nji ýylda Türkmenistanyň eksportynyň 68,7 göterimi tebigy gazyň paýyna düşdi. Ýurduň çäginden daşary çykarylýan harytlaryň galan bölegini pagta süýümi, nah mata, azyk, senagat önümleri, buýan köki we ekstrakty, mallaryň derileri, maşyn gurluşygynyň önümleri we beýlekiler düzdüler.

2014-nji ýylda Türkmenistanyň importynyň 37,2%-den gowragy tehnologiki enjamlaryň, 7,4%-i ulag serişdeleriniň paýyna düşýär.

Türkmenistanyň daşary söwda haryt dolanyşygynda Russiýa soňky birnäçe ýyllaryň dowamynda ilkinji orny eýeleýär. Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky uzakmöhletleýin özara bähbitli hyzmatdaşlyk täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanynda has giňeldi we çuňlaşdy. 2010-njy ýylda Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygynyň 18 göterimi Russiýanyň paýyna düşdi (eksportyň 25,3 göterimi we importyň 9,3 göterimi). Uly mümkinçiliklere eýe bolan Türkmenistanyň ýangyç-energetika ulgamy şol hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Bu strategik ulgamda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek üçin 2009-njy ýylyň 13-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Nebit-gaz serişdelerini dolandyrmak we peýdalanmak baradaky döwlet agentliginiň hem-de Russiýanyň «Itera» gaz kompaniýasynyň arasynda Hazar deňziniň türkmen böleginiň 21-nji deňiz blogynda önümleri paýlaşmak hakynda şertnama gol çekildi. Türkmenistan bilen Russiýanyň beýleki möhüm ugurlarda, şol sanda ulag we guma-

*1-nji diagramma*

**Türkmenistanyň daşary söwdasynyň ösüşi (ABŞ-nyň milliard dollary)**




nitar ulgamlardaky gatnaşyklaryň durnukly depgini saklanýar. Bilim ulgamy Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň medeni-gumanitar gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Türkmenistandan Russiýa, esasan, tebigy gaz, pagta süýümi, dokma senagat önümleri, himiýa we agrosenagat toplumlarynyň önümleri eksport edilýär. Russiýadan import edilýän esasy harytlara maşynlar, enjamlar, ulag serişdeleri, metallar, mal we ösümlik ýaglary, konditer önümleri degişlidir. Häzirki wagtda ýurdumyzda rus maýa goýumlarynyň gatnaşmagynda 147 kärhana hereket edýär we biziň ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň we sosial ösüşiniň dürli pudaklarynda umumy möçberi 1 milliard dollardan geçýän 127 sany taslama amala aşyrylýar. Russiýanyň «Gazprom», «KAMAZ», «Rossiýskiýe železnyýe dorogi», «Itera», «Stroýtransgaz», «Silowyýe maşiny», «Wozroždeniýe» we başga-da köp sanly uly kompaniýalary Türkmenistanyň bazarynda iş alyp barýarlar. Türkmenistan Russiýa Federasiýasynyň iri we ösen sebitleri bolan Tatarystan Respublikasy, Astrahan, Swerdlowsk oblastlary, Stawropol

ülkesi, Sankt-Peterburg şäheri bilen hem netijeli söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlygy alyp barýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan we Ukraina strategik hyzmatdaşlar bolmak bilen, milli ykdysadyýetleriň ysnyşykly we netijeli gatnaşyklaryna bolan özara gyzyklanmany beýan edýän kuwwatly şertnama-hukuk binýadyny döretdiler. Döwletara, hökümetara we pudagara derejelerinde gol çekilen halkara resminamalaryň 120-si bilelikde işlemek üçin platforma bolup hyzmat etdi. Şol resminamalara laýyklykda ykdysady hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça bilelikdäki hökümetara türkmen-ukrain topary döredildi, senagat we durmuş maksatly desgalaryň gurluşygy alnyp barylýar, bilelikdäki kärhanalar döredilýär. Daşary söwda dolanyşygynyň yzygiderli ýokarlanmagy söwda-ykdysady gatnaşyklaryň depginini açyp görkezýär. Söwda dolanyşygy 2010-njy ýylda ABŞ-nyň 321,9 million dollaryna deň boldy. Nebit önümleri, oba hojalyk harytlary, ýeňil we dokma senagatynyň önümleri, elektrik harytlary we beýlekiler biziň ýurdumyzyň Ukraina eksport edýän esasy harytlarydyr. Ukrainadan Türkmenistana öz gezeginde metal we metal önümleri, azyk harytlary, ulag serişdeleri, enjamlar, himiýa senagatynyň önümleri, gurluşyk materiallary we beýlekiler getirilýär.

Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň maglumatlary boýunça 2009-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda Türkmenistanda ukrain maýasynyň gatnaşmagynda 24 kärhana hasaba alyndy. Ýurdumyzda umumy bahasy ABŞ-nyň 1 milliard 545 million dollaryndan gowrak bolan maýa goýum taslamalarynyň 54-si hasaba alyndy. Olar iri ukrain kompaniýalarynyň gatnaşmagynda dürli ulgamlarda, esasan, ýangyç-energetika hem-de gurluşyk pudaklarynda amala aşyryldy we aşyrylýar. Türkmenistan bilen Ukraina köpugurly döwlet syýasatyny giňeltmek bilen, bar bolan özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürýärler we onuň täze maşyn gurluşyk, agrosenagat, sport we syýahatçylyk ugurlaryny ýola goýýarlar.

Täze Galkynyş zamanasynda we Bagtyýarlyk döwründe türkmen-belarus gatnaşyklary täze hil derejesine eýe boldy. Soňky döwürde iki ýurduň arasyndaky haryt dolanyşygy ýokarlanyp, onuň möçberi 2011-nji ýylda 200 million amerikan dollaryndan geçdi. Belarus tarapynyň türkmen ykdysadyýetinde 9 sany maýa goýum taslamasy hasaba alnyp, olaryň bahasy 24 million amerikan dollaryna barabardyr. Türkmenistandan bu ýurda ýangyç-energetika toplumynyň, dokma, ýeňil we himiýa senagatynyň, oba hojalygynyň we azyk senagatynyň önümleri eksport edilýär. Belarus Respublikasyndan Türkmenistana maşyn-gurluşyk, şol sanda, oba hojalyk we ulag tehnikasy, metal önümleri, elektrik harytlary we derman serişdeleri

gelýär. Ýurdumyzyň toprak-howa şertlerinde ygtybarlylygyny we ýokary hilliligi görkezýän «Belarus» we «MTZ-80 X» kysymly traktorlar oba hojalygymyzda giňden ulanylýar. Ykdysady hyzmatdaşlygyň çäginde belarus hünärmenleri tarapyndan Köýtendag etrabynda kaliý dökünlerini öndürýän dag magdanlaryny baýlaşdyryjy toplum gurulýar. Lebap welaýatyndaky kaliý duzly ýataklary öwrenmek boýunça işleri geçirmek üçin 2010-njy ýylda «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen Belarussiýanyň «Belgorhimprom» APJ-niň arasynda çarçuwaly ylalaşyk baglaşyldy. Türkmenistan iki ýurduň bilim we ylmy-tehniki mümkinçiliklerini özara ulanmaga, bular boýunça hyzmatdaşlygy has-da giňeltmäge uly orun berýär.

Türkmenistanyň söwda-ykdysady gatnaşygynda Türkiýe döwletine aýratyn orun degişlidir. 2011-nji ýylyň netijeleri boýunça iki ýurduň eksport-import haryt dolanyşygy 3 milliard 650 million dollaryndan gowrak boldy. Häzirki wagtda ýurdumyzda 600-den gowrak türk kompaniýalary işleýär. Olar esasan önümçilik we medeni durmuş maksatly desgalarda gurluşyk gurnama işlerini amala aşyrýarlar. 2012-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Türkmenistanda türk kompaniýalarynyň gatnaşmagynda umumy bahasy 16 milliard 100 million amerikan dollaryna, 2 milliard 600 million ýewro, 19 milliard 152 million ýapon iýenine barabar bolan, şeýle hem milli manadymyzda uly möçberli 1 müň 299 sany taslama hasaba alyndy.

Soňky ýyllaryň içinde Türkmenistanyň we Birleşen Arap Emirlikleriniň arasynda köp ugurlar boýunça netijeli söwda-ykdysady aragatnaşyklar emele geldi. Türkmenistanyň importynyň 9 göterime golaýy Birleşen Arap Emirlikleriniň paýyna düşýär. Iki ýurduň arasyndaky haryt dolanyşygy 2010-njy ýylda 753,1 million amerikan dollaryna barabar boldy. Türkmenistan Birleşen Arap Emirliklerinden dürli harytlary, ýokary tehnologiki önümleri we enjamlary import edýär. Türkmenistandan bolsa çig mallar we ýurdumyzda öndürilýän taýýar önümler eksport edilýär. Nebitgaz we himiýa, gurluşyk we aragatnaşyk, saglygy goraýyş we lukmançylyk, oba hojalyk pudaklary, maýa goýum, syýahatçylyk we dynç alyş netijeli hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarydyr.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri ýakyn goňşy döwletler bilen aragatnaşyklaryň iň oňat däplerini ösdürmek bilen bagly bolup durýar. Halkara ykdysady gatnaşyklarynda öz ornuny berkidýän we özüniň täsirini artdyrýan Türkmenistan goňşy Eýran Yslam Respublikasy bilen hyzmatdaşlygynyň çäklerini giňeldýär. Ikitaraplaýyn söwda dolanyşygynyň möçberi 2010-njy ýylda 2007-nji ýyl bilen deňeşdirilende 2 esseden hem geçdi we 3 milliard 880,4 million dollara deň boldy. Iki taraplaýyn söwda

dolanyşygynyň ýokary derejede ösmeginde Körpeje–Gurtguýy gaz geçirijisiniň, Tejen–Sarahs–Maşat demir ýolunyň, Balkanabat–Aliabat elektrik geçirijisiniň, serhet üsti bilen awtoulag ýük daşalyşynyň paýy uludyr. Suw serişdelerini rejeli peýdalanmak maksady bilen, Eýran bilen bilelikde «Dostluk» suw howdany guruldy. Bu möhüm desgalaryň işe girizilmegi iki döwletiň hem-de tutuş sebitiň ykdysadyýetleriniň dürli ugurlaryny ösdürmäge oňyn täsirini ýetirýär. Ikitaraplaýyn söwdanyň çäklerinde Türkmenistan ýangyç-energetika toplumynyň, himiýa senagatynyň we oba hojalyk önümlerini, dokma pudagynyň harytlaryny we beýleki önümleri Eýrana eksport edýär. Eýrandan Türkmenistana ulag serişdeleri, azyk önümleri, demir we tehniki enjamlar, elektrik we gurluşyk harytlary getirilýär. Türkmenistan we Eýran Ýewraziýa materiginiň möhüm ýol-geçelge çatrygynda ýerleşmek bilen, halkara söwda-ulag gatnaşyklarynyň ösmeginde örän wajyp orun eýeleýärler. Bu babatda Türkmenistan, Gazagystan we Eýran döwletleri bilen bilelikde gurulýan «Demirgazyk–Günorta» demir ýol geçelgesi kontinentde uly ýük daşaýjy halkalaryň biri bolar. 2010-njy ýylyň ýanwar aýynda ulanylmaga berlen Döwletabat–Sarahs–Hangeran gaz geçirijisi iki döwletiň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklaryň artmagyna ýardam berer. Türkmenistanda häzirki wagtda eýran maýa goýumynyň gatnaşmagynda 144 sany kärhana hereket edýär. Iki goňşy ýurtlar Hazar deňzini durnukly ösüşiň çeşmesi hökmünde gorap saklamagy, ekologiýa babatda howpsuzlygyny üpjün etmek üçin yzygiderli işleri alyp barýarlar.

Merkezi Aziýa sebitinde ýerleşýän goňşy ýurtlar bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek we çuňlaşdyrmak Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugry hasaplanýar. 2010-njy ýylda Türkmenistanyň eksportynyň 155,1 million dollary we importynyň 112,2 million dollary goňşy Özbegistan Respublikasynyň paýyna düşdi. Soňky ýyllarda iki döwletiň arasyndaky söwda dolanyşygy ýokary depginde ösýär. 2007-nji ýyl bilen deňeşdirilende bu döwlet bilen ýurdumyzyň eksporty 15 essä golaý, importy bolsa 2 essä golaý ýokarlandy. Türkmenistan bu goňşy ýurda nebit we himiýa, dokma we oba hojalyk önümlerini, tehnologiki enjamlaryny, plastmassany we onuň önümlerini hem-de beýleki harytlary eksport edýär. Özbegistandan bize himiýa senagatynyň önümleri, gurluşyk materiallary, hojalyk we elektron harytlary, metal önümleri, enjamlar we ulag serişdeleri gelýär. Ýangyç-energetika pudagy, ulag-aragatnaşyk ulgamy Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugrudyr. Türkmen-özbek gatnaşyklarynyň möhüm bölegi medeni-gumanitar ulgamy bolup durýar.

Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlary söwda-ykdysady, ýangyç-energetika toplumy, ulag ulgamy, oba hojalygy, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk bolup durýar. Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý gaz geçirijisiniň ulanmaga berilmegi hem-de Aziýa bilen Ýewropany has amatly birleşdirjek Demirgazyk–Günorta demir ýolunyň gurluşygy taraplaryň netijeli hyzmatdaşlygyny görkezýär. Daşary söwda dolanyşygy Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky ösýän ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm görkezijisi bolup çykyş edýär. 2010-njy ýylda ýurdumyzyň eksportynyň 17 million dollary we importynyň 125,7 million dollary Gazagystanyň paýyna düşdi. Medeni-gumanitar ulgamyndaky gatnaşyklar türkmen-gazak hyzmatdaşlygynyň möhüm bölegi bolup hyzmat edýär.

Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlykda söwda gatnaşyklarynyň ösüşine aýratyn we möhüm orun degişlidir. Hytaý Halk Respublikasy Türkmenistanyň iň uly daşary söwda hyzmatdaşlarynyň biridir. Söwda dolanyşygynyň möçberi her ýyl durnukly ösýär. 2000-nji ýyldan 2010-njy ýyllar aralygynda Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky söwda dolanyşygy 80 essä golaý artyp, 2010-njy ýylyň netijesi boýunça ABŞ-nyň 1,9 milliard dollaryndan geçdi. Häzirki wagtda Türkmenistanda Hytaýyň maýasynyň gatnaşmagynda 37 kärhana işleýär, umumy bahasy 4 milliard dollardan geçýän we 2,5 milliard ýuandan gowrak bolan maýa goýum taslamalarynyň 57-si hasaba alyndy. Hytaý Halk Respublikasynyň kompaniýalary nebitgaz we telekommunikasiýa ugurlarynda, ulaglarda, oba hojalygynda, dokma, himiýa we azyk senagatynda, saglygy goraýyşda we gurluşykda taslamalary amala aşyrmaga gatnaşýarlar. Ýangyç-energetika pudagy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biridir. 2009-njy ýylyň dekabrynda ulanmaga berlen Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisi arkaly ikitaraplaýyn ylalaşyklara laýyklykda Türkmenistan 30 ýylyň dowamynda Hytaýa her ýylda 40 milliard kubometr gaz berer. Bu bolsa Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky artýan giň möçberli ykdysady ösüşiniň uzak möhlete meýilleşdirilýändigini görkezýär.

Türkmen energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna çykarmagyň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak meselesi aýratyn ähmiýete eýe bolýar. 2009-njy ýylda ulanmaga berlen Türkmenistan-Hytaý gaz geçirijisiniň we ýakyn geljekde meýilleşdirilýän Hazarýaka gaz geçirijisiniň, uzynlygy 130 kilometr bolan Jebel–Türkmenbaşy baş nebit geçirijisiniň, Lebap welaýatynda Malaý–Bagtyýarlyk gaz arassalaýjy we

ölçeýji kompressor stansiýasynyň, Hazar deňzinde kompressor stansiýasynyň gurluşygyna Hytaý Hökümeti tarapyndan uly möçberde maýa goýumlary gönükdirildi. 2009-njy ýylda Hytaý Halk Respublikasy Günorta–Ýolöten gaz ýatagyny senagat taýdan ösdürmek üçin ABŞ-nyň 4 milliard dollary möçberinde ýeňillikli karz berdi. 2009-njy ýylyň dekabr aýynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Hytaýdan teleulgam, nebitgaz enjamlaryny, ýolagçy wagonlary satyn almagy maliýeleşdirmek üçin Türkmenistana 20 ýyl möhlete ýeňillikli karz bermek boýunça Çarçuwaly Ylalaşyk baglaşyldy. Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda telekeçilik ugry, medeniýet, bilim we ylym boýunça hem gatnaşyklar ýola goýulýar.

Häzirki zamanyň ykdysady taýdan ösen döwletleri bilen hyzmatdaşlygy giňeltmeklik Türkmen döwletiniň daşary syýasy strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şu nukdaýnazardan, ykdysadyýet ulgamyndaky we ýangyç-energetika toplumyndaky hyzmatdaşlyk Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň esasy bolup durýar. Türkmenistan we Ýaponiýa energetika, ulag-aragatnaşyk, suw hojalygy we dokma pudaklary, saglygy goraýyş ýaly möhüm ugurlar boýunça işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar. Häzirki wagta ýurdumyzda ýapon kapitalynyň gatnaşmagynda umumy bahasy ABŞ-nyň 780 million dollaryna golaý we 27 milliard ýapon ýenine barabar maýa goýumly taslamalaryň 23-si ýerine ýetirildi we ýetirilýär. 2009-njy ýylyň dekabr aýynda geçirilen ýokary derejedäki türkmen-ýapon gepleşikleriniň netijeleri boýunça gol çekilen resminamalar iki ýurduň milli ykdysadyýetleriniň möhüm ugurlaryndaky gatnaşyklary işjeňleşdirmäge ýardam berdi. Ýaponiýanyň öndürýän öňdebaryjy we innowasion tehnologiýalary nebitgaz, himiýa, nebithimiýa, energetika, dokma pudaklarynda, ulag we aragatnaşyk, bank ulgamlarynda, saglygy goraýyşda giňden ornaşdyrylýar.

Türkmenistan bilen Ýewropa Soýuzynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk maksatnamalaýyn esasda alnyp barylýar. Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasynda täze söwda ylalaşygy baglaşyldy we ol Ýewroparlamentde tassyklandy. Munuň özi bir tarapdan öz tehnologiýalary bilen türkmen bazaryna gelmäge isleg bildirýän Ýewropa kompaniýalaryna, beýleki tarapdan bolsa türkmen öndürijilerine ýewropa ýurtlaryna ýokary hilli harytlary ibermäge ägirt uly mümkinçilikleri açýar. Türkmenistan häzirki wagtda Ýewropa Soýuzyna girýän döwletleriň 27-si bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary alyp barýar. 2010-njy ýyl boýunça biziň döwletimiz Ýewropa Soýuzynyň ýurtlary bilen haryt dolanyşygynyň möçberi ABŞ-

-nyň 2,5 milliard dollaryna golaý boldy. Özara gatnaşyklaryň hatarynda başga hem ýangyç-energetika, maýa goýumlar, daşky gurşawy goramak, bilim we beýleki ugurlarda hyzmatdaşlyk edilýär. Milli maksatnamanyň çäklerinde Türkmenistanda 17,8 million ýewro barabar möçberde bilelikdäki taslamalar amala aşyrylýar. Türkmenistan 1992-nji ýyldan bäri Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (YHG) agzasydyr. Häzirki wagtda YHG-da ykdysady, sosial-tehniki we ýöriteleşdirilen bölümler hereket edýär.

Türkmenistan bilen Italiýa Respublikasy ýakyn söwda-ykdysady gatnaşyklary ýola goýdular. 2010-njy ýylda iki döwletiň arasyndaky daşary söwda dolanyşygy ABŞ-nyň 596,3 million dollara barabar boldy. Türkmenistan bilen Italiýa lukmançylykda we saglygy goraýyşda, ýokary tehnologiýalary ornaşdyrmak we «nou-hau» pudaklarynda, syýahatçylykda hyzmatdaşlygy saklaýarlar. 2009-njy ýylda italýan kompaniýalarynyň gatnaşmagynda maýa goýum taslamalarynyň 12-si hasaba alyndy. Olaryň işiniň esasy ugurlary önümçilik-gurluşykda we söwdadadyr.

Halkara ykdysady gatnaşyklaryň halkara söwdadan başga-da tehnologik alyş-çalyş, işçi güýjüniň hereketi, daşary ýurt maýa goýumlary, halkara ykdysady integrasiýa ýaly görnüşleri ösýär. Ykdysadyýeti ýokary derejede ösdürmek halkara ykdysady gatnaşyklaryň derejesine baglydyr. Tehnologik alyş-çalyş kommersiýa däl we kommersiýa ugurlary boýunça alnyp barylýar.

Kommersiýa däl ugur ylym, ylmy-tehniki materiallar babatynda halkara guramalarynyň hyzmatdaşlygyny, şol sanda wekiller alyşmagy, alymlaryň we inženerleriň duşuşyklaryny, maslahatlaryň, konfirensiýalaryň, sergileriň geçirilmegini göz öňünde tutulýar. Kommersiýa ugry ylmy-tehniki we önümçilik taýdan kooperirlenmegi, tehnikany we dürli kysymly senagat enjamlaryny edinmegi, ygtyýarnama ylalaşyklaryň şertleri esasynda oýlap tapyşlary («nou-hau», patent, senagat nusgalary, registrirlenen haryt nyşanlary), tehniki resminamalary peýdalanmak hukuklaryny alyşmagy we bermegi we ş.m. göz öňüne alýar. Tehnologik alyş-çalşyň sanalyp geçilen görnüşlerinden käbiri, hususan-da daşary ýurtlar bilen häzirkizaman tehnikasyny bilelikde öndürmek ýa-da daşary ýurt tehnikasy esasynda önüm öndürýän bilelikdäki kärhanalary guramak has giň ýaýrandyr. Häzirki zaman şertlerinde daşary ýurtlaryň işçi güýjüni çekmek önümçiligi ösdürmegiň amatly görnüşleriniň biri bolup durýar. Bu has hem ýokary hünärli işçi we hünärmen ýetmezçilik edýän pudaklar üçin netijelidir. Şonuň üçin ýurdumyzyň täzeden döredilýän senagat, oba hojalyk, ulag we beýleki pudaklarynyň kärhanalarynda daşary ýurtly (Türkiýe,

Eýran, Ýaponiýa we beýleki ýurtlardan) hünärmenler ýerli işgärler bilen bilelikde işleýärler.

Daşary ýurt maýalaryny çekmek Türkmenistanyň hojalygynyň ileri tutulýan ugurlary ýangyç-energetika toplumynyň pudaklary, mineral çig mallary gaýtadan işleýän, ýeňil we azyk senagatlary üçin has möhümdir. Bu halkara ykdysady gatnaşyklaryna mysal edip, Türkmenistanyň nebit-himiýa toplumynyň durkunyň täzelenmegini, onuň düzüminde täze önümçilikleriň döredilmegini görkezmek bolar. Oňa Germaniýanyň, Türkiýäniň, Ýaponiýanyň, Eýranyň we beýleki ýurtlaryň iri kompaniýalary 1,6 milliard dollardan gowrak maýa goýdular. Halkara ykdysady gatnaşyklarynyň iň ýokary derejeleriniň biri ýurduň halkara ykdysady birleşmelerine girmegidir.

Türkmenistanyň geljekde hem halkara söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyny giňeltmäge we çuňlaşdyrmaga uly mümkinçilikleri bar. Diňe bir nebit-gaz we dokma senagatynyň önümleri däl, eýsem agrosenagat toplumynyň, himiýa senagatynyň önümleriniň hem ýurduň eksportyna düýpli goşant goşmaga doly mümkinçiligi bar. Ýurdumyzyň ykdysady syýasatynyň baş maksady hem beýleki pudaklar bilen bir hatarda himiýa, agrosenagat, gurluşyk materiallary, syýahatçylyk toplumlarynyň kuwwatlyklaryny, ykdysadyýetimiziň ösüşini has-da ýokarlandyrmak maksady bilen halkara söwda-ykdysady mümkinçiliklerini ulanmak bolup durýar. Daşary ykdysady syýasatyň esasy ugurlary aşakdakylardan ybaratdyr.

1. Ýurduň eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmak, ýagny ýurdumyzyň eksport kuwwatyny dürli ugurlara gönükdirmek hem-de Türkmenistanyň eksportynda nebitgaz serişdelerinden beýleki önümleriň paýyny düýpli artdyrmak;
2. Ýurduň eksport kuwwatlylygyny himiýa, nebit-himiýa, elektroenergiýa, suwuklandyrylan gaz, agrosenagat toplumlarynyň önümlerini, esasan hem toprak-howa şertlerimize mahsus bolan gök-bakja, üzüm, subtropik miweleriň hasabyna artdyrmak;
3. Ýurtda hereket edýän erkin ykdysady zolaklara, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyna, beýleki çäklerde ýerleşen tebigy we ykdysady mümkinçilikleri netijeli we tiz özleşdirmek üçin daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek.

Bu ugurlaryň toplumlaýyn amala aşyrylmagy Türkmenistana sebit boýunça wajyp maliýe we söwda merkezine öwrülmäge mümkinçilik berer.

## 40.3. Türkmenistanyň halkara ykdysady guramalar we integrasiýalar bilen hyzmatdaşlygy

Türkmenistanyň Konstitusiýasy we onuň esasynda hereket edýän milli kanunçylygyň ulgamy biziň döwletimiziň halkara işlerine işjeň gatnaşmagynyň hem-de onuň umumydünýä syýasy-hukuk giňişligine goşulyşmagyna binýatlyk esas bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň daşary gatnaşyklarynyň kanunçylyk we şertnama-hukuk binýady bütewi ulgamy emele getirýär. Ol halkara konwensiýalarynyň we şertnamalarynyň hem-de ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda gol çekilen resminamalaryň toplumyny öz içine alýar.

Türkmenistanyň syýasy we diplomatik hyzmatdaşlyk babatda ileri tutulýan ugurlary hökmünde, ilkinji nobatda, energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, Merkezi Aziýa sebitiniň suw-energetiki gorlaryny rejeli ulanmak, Hazaryň halkara-hukuk durumyny kesgitlemek, halkara ulag-aragatnaşyk infrastrukturasynyň ösdürilmegi, syýahatçylyk, medeniýet we beýleki ugurlarda giň möçberli halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmak we giňeltmek boýunça yzygiderli çäreleriň amala aşyrylmagy bolup durýar. Türkmenistanyň hoşniýetli goňşuçylyga, beýleki döwletler we halkara guramalary bilen deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlyga gönükdirilen parahatçylyksöýüjilikli syýasaty halkara hukuk ýörelgelerine hem-de kadalaryna esaslanandyr.

Türkmenistan uzak möhletli üstünlikli hyzmatdaşlyk etmek üçin ygtybarly esas bolan halkara konwensiýalarynyň 109-syna goşulmak bilen, bu möhüm halkara hukuk resminamalaryny durmuşa ornaşdyrmak boýunça anyk çäreleri geçirýär. Halkara konwensiýalarynyň we şertnamalarynyň hem-de ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda gol çekilen resminamalaryň toplumy netijesinde Türkmenistan 2009-njy ýylyň maglumatlaryna görä, dünýäniň 129 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklaryny alyp barýar, 40-dan gowrak halkara guramalarynyň doly hukukly agzasy bolup durýar. Dünýäniň beýleki ýurtlarynda we sebitlerinde diplomatik aragatnaşyklaryny saklamak, şeýle hem iri halkara guramalaryna agza bolmak Türkmenistanyň daşary syýasatynyň mundan beýläkki döwürler üçin ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Türkmenistanyň daşary syýasat işiniň gumanitar we halkara hukuk ölçegleriniň çäklerinde giň gerimli çäreler durmuşa geçirilýär. Syýasy, söwda-ykdysady, gumanitar-medeni we beýleki wajyp ugurlary öz içine alýan şertnamalar Türkmenistanyň beýleki döwletler we halkara gurama-

lary bilen hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk hem ösdürilmegi üçin gerek bolan halkara-hukuk binýadynyň berkemegine hyzmat eder.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Yslam Konferensiýasy Guramasy, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy we beýleki iri halkara guramalary bilen oňyn hyzmatdaşlygy işjeň ýagdaýda ösdürýär.

Türkmenistan häzirki wagtda sebitde we dünýä giňişliginde hoşniýetli tagallalary giňden birleşdirmäge açyk ýurt hökmünde özüni äşgär etdi. Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy giňden ýola goýmak Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Türkmenistanyň bu iri halkara guramasy bilen hyzmatdaşlygy köptaraplaýyn bolup, ol ekologiýa we daşky gurşawy goramak, azyk, ylym, medeniýet we bilim boýunça halkara hyzmatdaşlygy täze derejelere ýetirmek ýaly wajyp ugurlary hem öz içine alýar.

Ekologiýa we daşky gurşawy goramak iri halkara guramalarynyň we döwletleriň hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarydyr. «Ozon gatlagyny goramak hakyndaky» we «Radiasiýa howpsuzlygy hakyndaky» kanunlaryň kabul edilmegi ýurdumyzyň ekologiýa we daşky gurşawy goramak boýunça goşulan halkara konwensiýalaryna ygrarly bolup durýandygyny görkezýär. Aşgabatda BMG-niň Daşky gurşawy goramak boýunça sebit maksatnamasynyň (UNEP) sebit edarasyny ýa-da howanyň üýtgemegi boýunça BMG-niň sebit merkezini açmak baradaky teklipnamanyň kabul edilmegi ýurdumyzyň bu ugurdaky başlangyçlarynyň we tagallalarynyň halkara derejesinde ykrar edilýändigini aňladýar.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň häzirki zamanyň möhüm meselelerini çözmek ugrunda netijeli halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen uly daşary-syýasy başlangyçlaryny Birleşen Milletler Guramasynyň goldamagy örän wajyp ähmiýete eýe bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» atly Rezolýusiýanyň 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda biragyzdan kabul edilmegi ählumumy energiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň halkara-hukuk binýadynyň döredilmegine uly goşant bolup durýar. Birleşen Milletler Guramasy bilen müňýyllygyň global ösüş maksatnamalaryna laýyklykda, özara peýdaly hyzmatdaşlygy giňeltmek we çuňlaşdyrmak Galkynyş zamanynda täze many-mazmuna eýe boldy. Ýurdumyzyň paýtagtynda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň

açylmagy dünýä jemgyýetçiliginiň Türkmenistany Merkezi Aziýada parahatçylygyň, durnuklylygyň we hyzmatdaşlygyň mekany hasaplaýandygyna şaýatlyk edýär. Türkmenistanda Merkeziň işe başlamagy bu sebitde tutuş adamzadyň ykbalyna täsir edýän möhüm meseleleriň oňyn çözülmegine ýardam edýän we dawa-jenjeli halkara meseleleriň ýüze çykmagynyň öňüni almak syýasatyny durmuşa geçirýän bitarap döwletiň sebitiň ýurtlary we dünýäniň beýleki döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara peýdaly gatnaşyklary ösdürmekdäki işjeň we oňyn roluna berlen ýokary bahadyr.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasynda wise-başlyklyk eden Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow öz çykyşynda biziň döwletimiziň öz üstüne alan halkara borçlaryna ygrarlydygyny ýene-de bir gezek görkezdi. Dünýä bileleşiginiň global howpsuzlygy saklamak we berkitmek, gapma-garşylyklaryň döremek howpunyň öňüni almak we aradan aýyrmak, döwletleriň hem-de halklaryň durnukly ösmegi, giň we konstruktiw halkara hyzmatdaşlygy üçin şertleri üpjün etmek babatdaky tagallalaryna hemmetaraplaýyn ýardam bermek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň baş maksady bolupdy we şeýle bolmagynda galýar.

2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda Aşgabatda 2010–2015-nji ýyllar aralygynda Türkmenistanyň ösüşine ýardam bermek boýunça BMG-niň Çarçuwaly Maksatnamasy (ÝUNDAF) kabul edildi. Birleşen Milletler Guramasynyň pudaklaýyn edaralary bilen Türkmenistanyň hökümetiniň özara hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitleýän resminama bolan ÝUNDAF üçünji müňýyllygyň global maksatlaryny gazanmaga gönükdirilip, hyzmatdaşlyk ugurlarynyň giň gerimini, şol sanda möhüm ugurlar bolan bilimi, saglygy goraýşy, sosial ulgamy öz içine alýar. Şu Maksatnamanyň çäklerindäki amala aşyrylmaly giň möçberli taslamalara Birleşen Milletler Guramasy ýardam berýär.

Häzir Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy, BMG-niň Çagalar Gaznasy, BMG-niň bosgunlaryň işleri baradaky Ýokary Komissarynyň edarasy, BMG-niň Ilat Gaznasy, Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy, BMG-niň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi ýaly düzümleri we beýleki edaralary Türkmenistanda hereket edýär. Türkmenistan 1995-nji ýylda BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasynyň agzalygyna girdi we onuň bilen işjeň gatnaşyklary ýola goýdy.

Türkmenistan Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy bilen oňyn we ýakyndan hyzmatdaşlygy alyp barýar. 2008-nji ýylda Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasynyň Aşgabatdaky Merke-

zi bilen bilelikde bu guramanyň ähli ugurlaryny öz içine alýan 17 sany anyk taslamalar amala aşyryldy. 2009-njy ýylda bilelikdäki maksatnamalaryň çäklerinde birnäçe taslamanyň üstünde işlenilýär. 2008-nji ýylda Aşgabatda «Ýewropa öýüniň» açylyş dabarasy boldy.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň Yslam Konferensiýasy Guramasy bilen gatnaşyklaryny giňeltmek boýunça hem işler alnyp barylýar. 1973-nji ýylda Yslam Konferensiýasy guramasyna girýän döwletler tarapyndan Yslam ösüş banky, hökümetara karz beriş guramasy döredildi. Bankyň esasy maksady agza bolan döwletleriň durmuş-ykdysady ösüşine hemaýat etmek bilen, hyzmatdaşlygy ýaýbaňlandyrmakdyr. Türkmenistan 1994-nji ýylyň noýabryndan bäri Yslam ösüş bankynyň agzasydyr. Şol ýyllaryň dowamynda dürli ugurlarda bilelikdäki taslamalaryň birnäçesi durmuşa geçirildi. Türkmenistan Yslam ösüş bankynyň öz agza ýurtlarynda durnukly ykdysady ösüşe, hususy telekeçiligi goldamaga, halkara söwdasyny ösdürmäge, ilatyň ýaşaýyş-durmuş taýdan goraglylygyny ýokarlandyrmaga hem-de bilimi we saglygy goraýşy üpjün etmäge ýardam bermek boýunça alyp barýan işlerini hemmetaraplaýyn goldaýar. 2009-njy ýylyň 2–3-nji iýunynda Yslam ösüş bankynyň Dolandyryjylar geňeşiniň nobatdaky 34-nji maslahaty Aşgabatda geçirildi. Aşgabat sammitiniň jemleri boýunça hyzmatdaşlyk etmek barada resminamalaryň uly toparyna gol çekildi. Olaryň arasynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Yslam ösüş bankynyň arasynda nebit daşaýan köptonnalyk gämileriň ikisini satyn almak üçin 11 ýyl möhlet bilen 31 million dollarlyk karz ylalaşygy, şeýle hem energiýanyň alternatiw çeşmelerini peýdalanmak barada ylmy-barlag taslamasyny maliýeleşdirmek üçin granty almak barada ylalaşyk bar. Transmilli Demirgazyk-Günorta demirýol magistralynyň gurluşygy häzirki wagtda Türkmenistanda Yslam ösüş bankynyň gatnaşmagynda amala aşyrylan möhüm taslamalaryň biridir.

2009-njy ýylyň dekabr aýynda Aşgabatda Yslam ösüş bankynyň hem-de onuň Utgaşdyryjy toparynyň we Türkmenistanyň ministrlikleriniň hem-de pudak edaralarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ýagdaýyny has gowulandyrjak taslamalary maliýeleşdirmek maksady bilen duşuşyk geçirildi. Türkmenistanyň hökümet wekilleri bilen Utgaşdyryjy toparyň arasynda jemi ABŞ-nyň 950 million dollaryna deň bolan taslamalaryň maliýeleşdirilmegine gol çekildi. Ylalaşyklara laýyklykda, Türkmenabadyň howa menzilini giňeltmek we döwrebaplaşdyrmak, Bereket-Gyzylgaýa-Uzen demir ýol menziline hem-de Aşgabat-Garagum-Daşoguz demir ýol menziline habar beriji, merkezleşdirme ulgamyny, aragatnaşyk we elektrik energiýasy bilen üpjün etjek enjamlary satyn almak we gurnamak, Türkmenistan-Gazagystan awtomobil ýolunyň

225 kilometriniň durkuny täzelemek, Mollagarada 600 orunlyk palçyk bilen bejeriş merkezini gurmak we enjamlaşdyrmak, Aşgabatda Diş merkezini gurmak we enjamlaşdyrmak, infuzion ergini öndürýän kärhanany gurmak we enjamlaşdyrmak, Balkanabat şäherini we oba ýerlerini suw bilen üpjün etmek üçin Ýasga kölüniň gündogar bölegini özleşdirmek taslamasy we Türkmenistanyň Bank ulgamynyň kiçi we orta kärhanalary goldamak üçin umumy ulgamy maliýeleşdiriler. Taslamalara laýyklykda «Awaza» milli syýahatçylyk we dynç alyş zolagynda hem giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Türkmenistan sebit boýunça hyzmatdaşlyga hem işjeň gatnaşýar. Türkmenistan aýratyn hem aragatnaşyk infrastrukturasynyň ösmegine, ekologiýa we tebigaty goramaga hyzmat edýän netijeli çäreleri işläp düzmäge, medeni-gumanitar hyzmatdaşlygy ösdürmek arkaly hoşniýetli gatnaşyklary giňeltmäge uly üns berýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň sebitiň suw-energetika gorlaryny rejeli peýdalanmak we Aral deňziniň töweregindäki ekologik ýagdaýy gowulandyrmak baradaky möhüm başlangyçlary we teklipleri 2008-nji ýylda Bişkek şäherinde hem-de 2009-njy ýylda Almaty şäherinde geçirilen sammitlerde goldaw tapdy. Türkmenistanyň köptaraplaýyn esasdaky halkara hyzmatdaşlygynyň wajyp ugry hökmünde ykdysady ähmiýetli taslamalary onuň ýakyn goňşulary bilen bilelikde amala aşyrmagy bolup durýar. Bu ugurda Eýran-Türkmenistan-Gazagystan ugry boýunça demir ýoluň gurluşygyny, Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý gaz geçirijisini, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegini, Hazar deňziniň baýlyklaryny peýdalanmak boýunça işleri we başga-da birnäçe desgalary görkezmek bolar.

SSSR-iň dargamagy bilen Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň diňe syýasy kartasy özgermän, eýsem bu sebitiň geosyýasy we ykdysady ýagdaýy hem düýpli üýtgedi. 1991-nji ýylda Aziýa-Ýuwaş umman sebiti halkara guramasyna Merkezi Aziýa ýurtlarynyň 5 sany döwleti girdi.

Türkmenistan Ýewropa bileleşigine, şeýle-de, özi hem agzasy bolup durýan ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyna (EKO) girýän döwletleriň has gyzyklanma bildirýän merkezi bolup durýar. Türkmenistanyň ykdysady birleşmeler bilen hyzmatdaşlyk etmegi giňeltmäge ymtylmagy aşakdakylar bilen düşündirilýär.

– özara söwdany giňeltmek, netijede harytlaryny möhüm bazarlara çykarmak we ýokary hilli hem-de arzan harytlary getirmek;
– karz we maýa goýumlaryny çekmek, täze tehnologiýalary we «nou-hau» getirmek, netijede, ykdysadyýetimizi mundan beýläk-de ösdürmek, önümleriň hilini ýokarlandyrmak;

– bilelikdäki kärhanalary, firmalary döretmek, şol sanda «aziýanyň tehnologiýalary goşmak türkmen çig maly» ýörelgesi boýunça üçünji ýurtlarda;
– daşary ýurt kompaniýalarynyň türkmen bazaryny ösdürmäge we halk hojalygynyň dürli pudaklaryny, şol sanda esasy bolan nebit-gaz, energetika, oba hojalygy pudaklaryny hususylaşdyrmaga gatnaşmaga çekmek.

Halkara ykdysady gatnaşyklarynyň dürli görnüşlerini mundan beýläk-de ösdürmek, Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşini, dünýä önümindäki paýynyň has ýokarlanmagyna getirýär.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. I tom. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III tom. Aşgabat, 2010.

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. IV tom. Aşgabat, 2011.

8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. V tom. Aşgabat, 2012.

9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VI tom. Aşgabat, 2013.

10. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VII tom. Aşgabat, 2014.

11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

12. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

13. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

14. Täze Galkynyş eýýamy. Wakalaryň senenamasy: 2007-nji ýyl. Aşgabat, 2008.

15. Döwlet adam üçindir. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.

16. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden çykyşy (2008-nji ýylyň 26-njy sentýabry). «Türkmenistan» gazeti, 29.11.08.

17. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

18. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli Baş ugry» milli Maksatnamasy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2003.

19. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» milli Maksatnamasy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

20. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

21. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. II tom. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

22. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we bagtyýarlygyň ýurdy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

22. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

24. *Işangulyýew Ö.* we beýlekiler. Halkara ykdysady gatnaşyklar. Aşgabat, 2010.

25. *Işangulyýew Ö.* we beýlekiler. Dünýä ykdysadyýeti. Aşgabat, 2001.

26. Türkmenistanyň ýyllyk statistik neşiri. Aşgabat, 2000–2014.

27. *Ломакин В. К.* Мировая экономика. Учебник для вузов. М. ЮНИТИ. 1999.

28. *Рыбалкина В. Е.* Международные экономические отношения. Москва, 1997.

29. *А.С.Булатов.* Мировая экономика. Москва, 2009.

30. Мир на рубеже тысячелетий (прогноз развития мировой экономики до 2015 г.) / Под ред. В.А. Мартынова и А.А. Дынкина. М.: Новый век, 2001.

31. Мировая экономика. Глобальные тенденции за 100 лет/ Под ред. И.С. Королева. М.: Экономист, 2003.

32. *Орешкин В. А.* Внешнеэкономический комплекс России в условиях интеграции в мировое хозяйство. М.: ИМЭМО РАН, 2002.

33. Россия в современном мировом хозяйстве / Отв. ред. Л. Н. Красавина, Б. М. Смитиенко. М.: Экономическая литература, 2003.

34. *Рубцов Б. Б.* Мировые рынки ценных бумаг. М.: Экзамен, 2002.

35. *Шишков Ю. В.* Интеграционные процессы на пороге XXI в. Почему не интересуются страны СНГ. М.: Третье тысячелетие, 2001.

36. *Шумилов В. М.* Международное экономическое право. Ростов-н/Д: Феникс, 2003.

37. Экономика/ Под ред. А.С. Булатова М.: Юрист, 1999.

38. 2006. Россия – мир. Ежегодный прогноз. М.: Фонд перспективных исследований и инициатив, 2005.

39. Международные экономические отношения: Учебник / Под. ред. И. П. Фаминского. 2-е изд. М.: Экономист, 2004.

40. Международные экономические отношения: Учебник / Под. ред. Б. М. Смитиенко. М: ИНФРА-М, 2005.

41. Международные валютно-кредитные и финансовые отношения: учебник/ Под ред. Л. Н. Красавиной. 3-е изд. М.: Финансы и статистика, 2005.

42. Амстердамский договор, изменяющий договор о Европейском союзе, договоры, учреждающие Европейские сообщества, и некоторые

относящиеся к ним акты / Пер. с англ: под ред. Ю. А. Борко и др. М: Интердиалект, 1999.

43. Восточная Европа и СНГ. Экономические связи в 2000 г.: Справочник. М.: Бизнес-Пресс, 2001.

44. *Гагарина Г.Ю., Громыко В.В., Окрут З.М., Сагинова О.В.* Экономика Европейского Союза. М.: Экономист, 2003.

45. Европейский союз: Справочник-путеводитель / Под ред. О.В. Буториной, Ю. А. Борко, И.Д. Иванова. М.: Дело, 2003.

46. Международные экономические отношения: Учебник для вузов/ Под ред. В. Е. Рыбалкина. 6-е изд. М: ЮНИТИ-ДАНА, 2006.

47. Мир на рубеже тысячелетий (прогноз развития мировой экономики до 2015 г.)/ Под ред. В. А. Мартынова и Д. А. Дынкина. М.: Новый век 2001.

48. Расширение ЕС на Восток: предпосылки, проблемы, последствия/ ИМЭМО РАН. М.: Наука, 2003.

49. Страны и регионы: Справочник/ Под ред. А. С. Булатова. М: Проспект, 2003.

50. *Щенин Р. К., Ложечко М. С., Заманин А. М.* Международная экономическая интеграция: Учебное пособие. М: Изд-во ГУУ, 2002.

51. *Щенин Р. К.* Расширение Европейского союза на Восток: качественно новый этап европейской экономической интеграции. М: Изд-во ГУУ, 2002.

52. *Щенин Р. К.* Растущая роль интеграционных объединений в глобальной экономике // Торгпредство. 2006. №1. с. 20–27: №2 с. 5–13.

53. *Щенин Р.К.* Международные интеграционные объединения экономики. 2005. №5 с. 22–33.

54. Экономика США: Учебник для вузов / Под ред. В. Б. Супяна. СПб: Питер, 2003.

55. ВТО и национальные экономические интересы России/ Под ред. И. С. Королева. М: ИМЭМО РАН: Наука, 2003.

56. Всемирная торговая организация. Краткое пособие для бизнеса. М: Центр торговой политики и права, 2005.

57. *Герчикова И. Н.* Международные экономические организации. М: Консалтбанкир, 2000.

58. Доклад о мировом развитии 2002 года. Создание институциональных основ рыночной экономики/ Пер. с англ. М: Весь Мир, 2002.

59. Доклад о развитии человека за 2003 год. Цели в области развития, сформулированные в Декларации тысячелетия: межгосударственная договоренность об избавлении человечества от нищеты. Минск: Юнипарк, 2003.

60. Международные экономические отношения: Учебник для вузов/ В. Е. Рыбалкин, Ю. А. Щербанин, Л. В. Балдин и др. 6-е изд. М: ЮНИТИ-ДАНА, 2006.

61. Организация Объединенных Наций. Основные факты: Справочник / Пер. с англ. М:Весь Мир, 2000.

62. Управление международным обменом товаров, услуг, капитала. Учебник/ Под ред. Э. Э. Батизи. М.:Высшее образование и наука, 2004.

63. *Хасбулатов Р. И.* Мировая экономика: в 2 т. М: Экономика, 2001.

64. *Щенин Р. К.* Роль ООН и ВТО в регулировании и развитии международного бизнеса// Международная экономика. 2005, № 12.

# MAZMUNY


GIRIŞ . . . . . . . . . . 7

I bölüm. DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINIŇ NAZARYÝET ESASLARY

**I bap. Dünýä ykdysadyýeti dersiniň predmeti we wezipeleri** . . . . . . . . . . 8
1.1. Dünýä ykdysadyýeti barada düşünje . . . . . . . . . . 8
1.2. Dünýä hojalygynyň emele gelmeginiň we ösmeginiň döwürleri . . . 10
1.3. Dünýä önümçiliginiň ir döwürdäki aziýa, ýewropa we antiki usullary . . . . . . . . . . 13
1.4. Dünýä bazarynyň emele gelmeginiň we ösmeginiň nazaryýet esaslary . . . . . . . . . . 15
1.5. Halkara zähmet bölünişigi dünýä ykdysadyýetiniň maddy esasydyr . . . . . . . . . . 19
1.6. Dersi öwrenmegiň wezipeleri . . . . . . . . . . 23

**II bap. Dünýä hojalygynyň nazaryýetleri** . . . . . . . . . . 25
2.1. Ýurtlaryň arasynda ykdysady gatnaşyklaryň ösmeginiň sebäpleri . . 25
2.2. Halkara zähmet bölünişigine esaslanýan daşary söwdanyň nazaryýetleri . . . . . . . . . . 27
2.3. Önümçilik faktoryna hereketine esaslanýan halkara zähmet bölünişiginiň nazaryýetleri . . . . . . . . . . 29
2.4. Dünýä hojalygynyň sosial-medeni nazaryýetleri . . . . . . . . . . 31

**III bap. Dünýäniň syýasy kartasy** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 34
3.1. Dünýäniň häzirki syýasy kartasynyň emele gelmeginiň döwürleri . 34
3.2. Territoriýa we serhet düşünjesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 37
3.3. Dünýäniň syýasy kartasynyň obýektleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 40
3.4. Döwlet dolandyrylyşynyň formalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 43
3.5. Döwlet gurluşynyň we döwlet düzgüniniň formalary. . . . . . . . . . . . 46
3.6. Dünýä döwletleriniň görnüşleri (tipleri) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 48

**IV bap. Milli we halkara statistika**. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 55
4.1. BMG-niň statistiki neşirýat ulgamy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 55
4.2. Beýleki halkara guramalarynyň statistik neşirleri. . . . . . . . . . . . . . . 57
4.3. Türkmenistanyň statistiki neşirleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 59

**V bap. Dünýä hojalygynyň häzirki ösüş meýilleri** . . . . . . . . . . . . . . . . . . 61
5.1. Dünýä ykdysadyýetiniň globallaşmagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 61
5.2. Globallaşma şertlerinde Türkmenistanyň dünýä hojalygyna amatly ýagdaýda goşulmagynyň esasy ugurlary. . . . . . . . . . . . . . . . 75
5.3. Dünýä ykdysadyýetiniň sebitleşmegi we integrasiýalar . . . . . . . . . . 78
5.4. Hakyky we maliýe sektorlarynyň gatnaşygynyň üýtgemegi . . . . . . 80
5.5. Dünýä ykdysadyýetiniň liberallaşmagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 82
5.6. Postindustrial ykdysadyýetleriň ýüze çykmagy . . . . . . . . . . . . . . . . 84
5.7. Türkmenistanda postindustrial ykdysadyýetiň emele gelmegi . . . . . 88

**II bölüm. DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINIŇ GURBATY**

**VI bap. Dünýäniň tebigy baýlyk gurbaty** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 91
6.1. Tebigy baýlyklar we olaryň dünýä ykdysadyýetindäki ähmiýeti. Tebigy baýlyklaryň klassifikasiýasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 91
6.2. Dünýä ýurtlarynyň tebigy resurs üpjünçiligi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . 96
6.3. Tebigy baýlyklary peýdalanmagyň häzirkizaman meseleleri . . . . . . 97

**VII bap. Dünýä hojalygynyň adam resurslary** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 98
7.1. Ilatyň sany, ösüş aýratynlyklary we ýerleşişi . . . . . . . . . . . . . . . . . . 98
7.2. Demografiki syýasat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 103
7.3. Zähmet resurslary. Işçi güýjüniň migrasiýasy. . . . . . . . . . . . . . . . . 106

**VIII bap. Dünýäniň maliýe gurbaty** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 110
8.1. Dünýäniň maliýe gurbaty barada düşünje. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 110
8.2. Dünýäniň kapital bazary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 115
8.3. Maliýe kömekleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 120
8.4. Dünýäniň altyn walýuta ätiýaçlygy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 121
8.5. Daşary bergidarlyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 123
8.6. Maliýe serişdeleriniň globallaşmagy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 124

**IX bap. Dünýäniň bilim-ylym resurslary** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 126
9.1. Bilim-ylym resursynyň ykdysadyýetdäki ähmiýeti . . . . . . . . . . . . 126
9.2. Dünýäniň bilim resurslary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 127
9.3. Dünýäniň ylym resurslary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 130
9.4. Dünýäniň maglumat resurslary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 133
9.5. Türkmenistanyň ylmy-tehniki kuwwaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 138
9.6. Türkmenistanyň maglumat-aragatnaşyk ulgamynyň ösüşi. . . . . . . 140

**X bap. Dünýäniň telekeçilik gurbaty** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 142
10.1. Telekeçilik resursy we telekeçilik hakda düşünje . . . . . . . . . . . . . . 142
10.2. Dünýäniň ýaşyryn ykdysadyýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 144
10.2.1. Resmi däl ykdysadyýetiň hojalyk durmuşyndaky orny . . . . . . . . . 146
10.2.2. Döwletleriň dürli toparlarynda resmi däl ykdysadyýetiň aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 146
10.2.3. Gizlin ykdysadyýet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 148
10.2.4. Galp ykdysadyýet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 149
10.3. Türkmenistanda telekeçiligiň ösüşi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 149

**XI bap. Dünýä hojalygynyň pudaklaýyn düzümi** . . . . . . . . . . . . . . . . . . 156
11.1. Dünýä ykdysadyýetiniň düzümindäki esasy özgerişler . . . . . . . . . 156
11.2. Dünýä senagatynyň pudaklaýyn düzümi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 157
11.3. Agrar senagat toplumy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 158
11.4. Ýangyç-energetika toplumy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 162
11.5. Himiýa-tokaýçylyk we metallurgiýa toplumlary . . . . . . . . . . . . . . 166
11.6. Maşyn gurluşygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 170
11.7. Ýeňil senagat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 173
11.8. Ulag we aragatnaşyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 175
11. 9. Hyzmat ediş sferasynyň beýleki pudaklary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . 178

**III bölüm. DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINIŇ SUBÝEKTLERI WE MEHANIZMI**

**XII bap. Dünýä ykdysadyýetiniň subýektleri we mehanizmi** . . . . . . . . 182
12.1. Dünýä ykdysadyýetiniň subýektleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 182
12.2. Dünýä hojalygynyň mehanizmleri we onuň gurallary barada düşünje. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 183
12.3. Dünýä ykdysady düzgüni . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 188

**XIII bap. Milli ykdysadyýetler dünýä hojalygynyň düzüm bölegidir** . 190
13.1. Milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygyndaky ornunyň görkezijileri . 190
13.2. Satyn alyjylyk paritet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 193
13.3. Milli ykdysadyýetleriň açyklyk derejesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 202
13.4. Milli ykdysadyýetleriň dünýähojalygyna goşulyşma derejesi . . . . 205
13.5. Milli ykdysadyýetiň halkara bäsleşige ukyplylygy. . . . . . . . . . . . . 206
13.6. Döwletiň daşary ykdysady syýasaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 211

**XIV bap. Dünýä hojalygynyň transmilli korporasiýalary**. . . . . . . . . . . 213
14.1. Transmilli korporasiýalar dünýä ykdysadyýetiniň subýektidir. . . . 213
14.2. TMK-laryň guramaçylyk düzümi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 217

14.3. TMK-laryň häzirkizaman strategiýasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 221
14.4. TMK-laryň häzirkizaman taktikasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 222

**XV bap. Halkara ykdysady guramalar** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 226
15.1. Halkara ykdysady guramalar dünýä hojalygynyň subýektidir . . . . 226
15.2. Halkara maliýe guramalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 230
15.2.1. Halkara pul gaznasy (HPG) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 231
15.2.2. Bütindünýä banky . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 233
15.2.3. Halkara maliýe korporasiýasy (HMK) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 235
15.2.4. Maýa goýumlar boýunça köptaraplaýyn agentlik (MGKA) . . . . . . 236
15.2.5. Jedelli maýa goýumlary sazlaşdyrmak boýunça
Halkara merkez (JMGSHM) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 236
15.2.6. Halkara hasaplaşyk banky (HHB) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 237
15.3. Bütindünýä söwda guramasy (BSG) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 237
15.3.1. BMG-niň söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy (ÝNKTAD) . . 240
15.3.2. Halkara gümrük guramasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 241
15.4. Ýöriteleşdirilen halkara ykdysady guramalar . . . . . . . . . . . . . . . . 242
15.4.1. BMG-niň senagat ösüşi boýunça guramasy (ÝNIDO) . . . . . . . . . . 243
15.4.2. BMG-niň azyk we oba hojalyk guramasy (FAO) . . . . . . . . . . . . . . 244
15.4.3. Intellektual eýeçiligiň bütindünýä guramasy (IEBG) . . . . . . . . . . . 244
15.4.4. Halkara zähmet guramasy (HZG) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 245
15.5.5. Aziýa ösüş banky (AzÖB) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 247
15.5.6. Afrika ösüş banky (AfÖB) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 248
15.5.7. Amerikanara ösüş banky (AaÖB) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 248
15.6. Hökümete degişli däl halkara ykdysady guramalar . . . . . . . . . . . . 249
15.6.1 Üçtaraplaýyn komissiýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 249
15.6.2. Tegelek stol . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 249
15.6.3. Halkara maliýe instituty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 249

**XVI bap. Dünýä hojalygynyň integrasiýalary** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 250
16.1. Integrasiýalar dünýä hojalygynyň subýektidir . . . . . . . . . . . . . . . . 250

16.2. Ykdysady integrasiýalaryň nazaryýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 252
16.3. Integrasiýalaryň walýuta jähtleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 253
16.4. Dünýäniň iri integrasiýalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 256

## IV bölüm. DÜNÝÄDE YKDYSADYÝETIŇ ÖSEN ÝURTLARY

**XVII bap. Dünýä hojalygynyň ösen döwletleri** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 264
17.1. Ösen ykdysadyýetleriň alamatlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 264
17.2. Dünýäniň üç ykdysady merkezi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 268
17.3. Ösen ýurtlaryň sosial ulgamyndaky meýilleri . . . . . . . . . . . . . . . . . 269
17.4. Daşary ykdysady gatnaşyklardaky meýiller . . . . . . . . . . . . . . . . . . 270
17.5. Ösen sekizlik ýurtlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 271

**XVIII bap. ABŞ-nyň dünýä ykdysadyýetinde tutýan orny** . . . . . . . . . . 276
18.1. ABŞ-nyň ykdysadyýetine umumy häsiýetnama . . . . . . . . . . . . . . . . 276
18.2. Hojalygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 278
18.3. Amerikan ykdysadyýetiniň ösüş döwürleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 282
18.4. Türkmen-amerikan gatnaşyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 284

**XIX bap. Ýaponiýanyň ykdysadyýeti** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 286
19.1. Ýaponiýa döwletine häsiýetnama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 286
19.2. Ýaponiýanyň ykdysady ösüşiniň taryhy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 292
19.3. Ýapon ykdysady modeliniň aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 298
19.4. Ýaponiýanyň häzirkizaman ykdysadyýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 303
19.5. Ýaponiýanyň daşary ykdysady strategiýasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . 309
19.6. Türkmen-ýapon ykdysady gatnaşyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 311

**XX bap. Germaniýanyň ykdysadyýeti** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 314
20.1. Germaniýanyň ykdysady ulgamynyň aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . 314

34. Sargyt № 1094.

20.2. Ykdysadyýetiň möhüm pudaklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 317
20.3. Türkmenistan we Germaniýa Federatiw Respublikasynyň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 324

**XXI bap. Fransiýanyň ykdysadyýeti** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 327
21.1. Fransiýanyň ykdysadyýetiniň häzirki ýagdaýy . . . . . . . . . . . . . . . . 327
21. 2. Fransiýanyň dünýä hojalygynda we Ýewropa Soýuzyndaky tutýan orny . . . . . . . . . . . . . . . . . . 331
21.3. Türkmen-fransuz gatnaşyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 335

**XXII bap. Beýik Britaniýanyň dünýä hojalygyndaky orny** . . . . . . . . . 336
22.1. Beýik Britaniýa umumy häsiýetnama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 336
22.2. Ykdysadyýetiniň häzirki ýagdaýy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 338
22.3. Senagaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 339
22.4. Oba hojalygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 342
22.5. Iňlis modeliniň aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 343

**XXIII bap. Italiýanyň ykdysadyýeti** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 344
23.1. Italiýa umumy häsiýetnama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 344
23.2. Ykdysadyýetiniň düzümi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 348
23.3. Italýan modeliniň aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 350
23.4. Daşary ykdysady gatnaşyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 351

**XXIV bap. Kanadanyň ykdysadyýeti** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 352
24.1. Umumy häsiýetnama. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 352
24.2. Hojalygynyň aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 353
24. 3. Daşary ykdysady gatnaşyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 355

## V bölüm. DÜNÝÄ YKDYSADYÝETINIŇ ÖSÜP GELÝÄN ÝURTLARY

**XXV bap. Dünýä ykdysadyýetiniň ösüp gelýän ýurtlary** . . . . . . . . . . . . 356
25.1. Ösüp gelýän ýurtlaryň häsiýetli aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . 356
25.2. Ösüp gelýän ýurtlaryň toparlara bölünişi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 358
25.3. Sosial-ykdysady ösüşiň meýilleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 359
25.4. Ösüşiň daşarky faktorlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 361

**XXVI bap. Hytaý Halk Respublikasynyň ykdysadyýeti** . . . . . . . . . . . . 363
26.1. Hytaýyň uruşdan soňky döwürde ykdysady syýasaty. . . . . . . . . . . 363
26.2. Hytaý reformasynyň aýratynlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 365
26.3. Hususy eýeçiligiň hukyk düzümi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 366
26.4. Hytaý ykdysadyýetiniň esasy meseleleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 370
26.5. Türkmen-hytaý gatnaşyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 371

**XXVII bap. Günorta Aziýa ýurtlary** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 375
27.1. Günorta Aziýa ýurtlarynyň umumylygy we aýratynlygy . . . . . . . . 376
27.2. Pakistanyň ykdysadyýeti. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 377
27.3. Bangladeş sosial-ykdysady modeliniň tapawutly alamatlary.. . . . . 379
27.4. Şri-Lankanyň sosial-ykdysady modeliniň esasy alamatlary . . . . . . 381
27.5. Türkmenistanyň Günorta Aziýa ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy . . . 382

**XXVIII bap. Hindistanyň ykdysadyýeti** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 383
28.1. Hindistanyň ykdysady-geografik ýerleşişi, tebigy resurslary we demografiki ösüşi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 383
28.2. Hindistanyň dünýä hojalygynda tutýan orny. Hojalygynyň ösüş aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 386
28.3. Hindistanyň halkara ykdysady gatnaşyklary. Türkmenistan bilen ykdysady hyzmatdaşlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . 391

**XXIX bap. Orta Gündogar ýurtlarynyň ykdysadyýeti** . . . . . . . . . . . . . 392
29.1. Orta Gündogar ýurtlarynyň umumylyklary we aýratynlyklary. . . . 392
29.2. Sosial-ykdysady ösüşiň esasy meýilleri we meseleleri . . . . . . . . . . 394
29.3. Ösüşiň daşky faktorlary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 396

**XXX bap. Türkiýäniň ykdysadyýeti.** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 397
30.1. Türkiýä umumy häsiýetnama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 397
30.2. Ykdysadyýetdäki özgertmeler. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 399
30.3. Türkiýäniň daşary gatnaşyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 401
30.4. Türkmen-türk gatnaşyklary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 402

**XXXI bap. Eýranyň ykdysadyýeti** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 404
31.1. Ýurduň umumy häsiýetnamasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 404
31.2. Ykdysady özgertmeler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 405
31.3. Türkmen-eýran gatnaşyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 408

**XXXII bap. Owganystanyň ykdysadyýeti**. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 410
32.1. Hojalygynyň umumy häsiýetnamasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 410
32.2. Senagaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 412
32.3. Oba hojalygy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 413
32.4. Daşary söwdasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 413
32.5. Türkmen-owgan gatnaşyklary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 413

**XXXIII bap. Koreýanyň ykdysadyýeti** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 415
33.1. Koreýa umumy häsiýetnama. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 415
33.2. Koreý özgertmeleriniň aýratynlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 417
33.3. Türkmen-koreý hyzmatdaşlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 418

**XXXIV bap. Arap ýurtlarynyň ykdysadyýeti** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 423
34.1. Arap döwletleriniň umumylyklary we aýratynlyklary . . . . . . . . . . 423
34.2. Ösüşiň daşary faktorlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 425
34.3. Alžiriň ykdysadyýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 426
34.4. Siriýanyň ykdysadyýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 427
34.5. Saud Arabystanyň ykdysadyýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 428
34.6. Birleşen Arap Emirlikleriniň (BAE) ykdysadyýeti . . . . . . . . . . . . . 429
34.7. Müsür Arap Respublikasy (MAR) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 429
34.8. Türkmenistanyň arap ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy . . . . . . . . . . . . 433

**XXXV bap. Latyn Amerikasy ýurtlary dünýä ykdysadyýetinde** . . . . . 433
35.1. Latyn Amerikasy ýurtlarynyň umumylygy we aýratynlyklary . . . . 433
35.2. Latyn Amerikasynyň esasy durmuş-ykdysady meseleleri we meýilleri (Braziliýanyň mysalynda) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 435
35.3. Ösüşiň daşarky faktorlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 438

**XXXVI bap. Afrika ýurtlarynyň ykdysadyýeti** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 441
36.1. Afrika ýurtlarynyň ykdysadyýetine umumy syn . . . . . . . . . . . . . . . 441
36.2. Yklymyň tebigy-resurs ýagdaýy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 443
36.3. Yklymyň ösen ýurtlarynyň ykdysadyýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 445
36.4. Afrikan yzygalaklygyny ýeňip geçmekligiň meseleleri . . . . . . . . . 446

**VI bölüm. GEÇIŞ HÄSIÝETLI ÝURTLARYŇ YKDYSADYÝETI**

**XXXVII bap. Ykdysady geçiş häsiýetli ýurtlar** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 449
37. 1. Geçiş häsiýetli ýurtlaryň ykdysadyýetiniň mazmuny . . . . . . . . . . . 449
37.2. Ulgamlaýyn özgertmeleriň esasy ugurlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 450
37.3. Ulgamlaýyn özgertmeleriň häsiýetnamasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 452
37.4. Ulgamlaýyn özgertmeleriň netijeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 454

**XXXVIII bap. Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy (GDA) ýurtlarynyň ykdysadyýeti** . . . 455
38.1. GDA-nyň emele gelmegi . . . 455
38.2. Ukrainanyň ykdysadyýeti . . . 456
38.3. Türkmen – ukrain gatnaşyklary . . . 462
38.4. Belarus Respublikasynyň ykdysadyýeti . . . 465
38.5. Türkmen – belarus gatnaşyklary . . . 466
38.6. Gazagystanyň ykdysadyýeti . . . 468
38.7. Türkmen – gazak gatnaşyklary . . . 476
38.8. Özbegistan Respublikasynyň ykdysadyýeti . . . 479
38.9. Türkmenistan we Özbegistan döwletleriniň arasyndaky ykdysady we medeni gatnaşyklaryň ösüşi . . . 482

**XXXIX bap. Russiýa Federasiýasynyň dünýä ykdysadyýetindäki orny** . . . 486
39.1. Russiýa umumy häsiýetnama . . . 486
39.2. Ykdysadyýeti . . . 490
39.3. Senagaty . . . 492
39.4. Oba hojalygy . . . 496
39.5. Ulag ulgamy . . . 497
39.6. Daşary ykdysady gatnaşyklary . . . 498

**XXXX bap. Türkmenistan dünýä ykdysadyýetinde** . . . 500
40.1. Türkmenistanyň daşary-ykdysady syýasaty . . . 500
40.2. Türkmenistanyň söwda-ykdysady gatnaşyklary . . . 501
40.3. Türkmenistanyň halkara ykdysady guramalar we integrasiýalar bilen hyzmatdaşlygy . . . 513
**Peýdalanylan edebiýatlar** . . . 519

**Arslanguly Kazygulyýew, Hallyberdi Baýramow, Töre Allanazarow, Jumamuhammet Annamuhammedow, Oguljemal Geldimuhamedowa, Orazjemal Çaryýewa, Maral Öwezowa**

# DÜNÝÄ YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *K. Gurbanow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Korrektor | *A. Kiçiýewa* |
| Kompýuter bezegi | *I. Zasarinnaýa* |
| Neşir üçin jogapkär | *B. Arbaýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 09.02.2016.
Ölçegi 70x100$^{1}/_{16}$. Şertli çap listi 33,5.
Şertli reňkli ottiski 69,25. Hasap-neşir listi 36,18.
Çap listi 33,5. Sargyt № 1094. Sany 1 600.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.